**Daniel DEFO**




## ROBINZON KRUZO

## I BAP

Men 1632-nji ýylda Ýork şäherinde çet ýurtly gurply maşgalada dünýä indim. Kakamyň asly Bremenden bolup, ol ilkibaşda Hall şäherine ýerleşipdir. Ol söwdadan uly baýlyk toplansoň, öz kesbini taşlap, Ýork şäherine göçüp gelipdir. Şol ýerde öýlenipdir, ejem şol töwerekleriň diýseň abraýly maşgalasy hasap edilýän Robinzonlardan ekeni. Şonuň üçinem maňa-da Robinzon Kroýsner diýip at dakypdyrlar, emma welin, iňlisleriň daşary ýurt sözlerini ýoýmak gylygynyň barlygy sebäpli, indi bize Kruzo maşgalasy diýýärler. Şodur-şodur özümizem familiýamyzy şonuň ýaly ulanýarys; tanyş-bilişlerimem maňa hemişe şol familiýamy tutup ýüzlenýärler.
Meniň iki agam bardy, olaryň biri köneden ady belli, polkownik Lokhardyň serkerdelik edýän Flandriýadaky iňlis pyýada polkunda gulluk edýärdi, podpolkownik harby çini bardy. Ol ispanlar bilen bolan Dunkerk söweşinde wepat boldy. Kakamdyr ejemiň menden hiç hili habar-hatyrynyň bolmaýşy ýaly, menem ikinji doganyma näme bolanyny welin, hiç wagt bilip bilmedim.

Maşgalada üçünji ogul bolamsoň, maňa kesp-kär öwreden bolmady, kellämde welin, her dürli ham-hyýallar at salýardy. Bireýýäm gojalan kakam maňa birneme bilim beripdi, öýde terbiýeläpdi, şäher mekdebine gatnadypdy. Onuň menden «hukukçy çykar» diýen tamasy bardy, meniň welin, deňizde ýüzmekden başga kär etmäge höwesim ýokdy. Deňize bolan höwesim zerarly kakamyň isleginden, has beteri hem onuň buýruklaryny berjaý etmekden bütinleý ýüz öwürdim. Ejemiň özelenip ýalbarmalaryna, dostlarymyň maslahatlaryna pisint hem etmän, başyma düşjek hasratly täleýden bihabar, öz eňegime tutdum.
Pähim-paýhasly, agras adam bolan kakam baş goşmakçy bolýan kärim barada maňa çynlakaý, ýerlikli öwüt-ündewler berýärdi. Bir gün irden ol meni öz otagyna — bognagyry keseli sebäpli ýarawsyz ýatan ýerine çagyryp, bu meselede maňa ýürekden ýalbar-ýakar etdi. Ol menden il-günüň arasynda abraýly ýaşap, yhlasly zähmet çekip, baýlygymy köpeldip, eşretli ýaşaýşyň hözirini görüp ýörmeli halyma, sergezdançylyga ýüz urmagymyň, mähirban öýmüzi, dogduk depämizi taşlap gitmegimiň nähili sebäpleriniň bardygyny sorady. Ol başdan geçirmelere kowalaşyp ýat ýurtlara gidýän adamlaryň ýa-ha bialaç tuwmaýaklardygyny, ýa-da adaty durmuşa kybap gelmeýän işlere ýüz urup, has uly baýlyga çapýan, meşhurlyk gazanjak bolýan şöhratparazlardygyny; emma şol zeýilli zatlaryň meniň üçin ýa elýetmez ýokardadygyny, ýa-da gaty peslik boljakdygyny; meniň ornumyň ortagürp, başgaça aýdanyňda, sada durmuşyň ýokarky derejesidigini düşündirdi. Özüniň köp çarşenbäni başdan geçirip, köp zada göz ýetirişi ýaly, şol wagtky hal-ýagdaýymyzyň dünýäde iň gowusydygyny, adamzadyň bagtyna iň bir muwapygydygyny, pes gatlagyň gam-gussasyndan, kösençliklerinden, agyr zähmetinden we hupbatlaryndan daşdygyny, ýokarky gatlaklara mahsus bolan tekepbirlik, kaşaňlyk, şöhratparazlyk we bahyllyk ýaly derdeserleriniň bolsa bizde ýokdugyny ýanjap aýtdy. Şu güzeranymyzyň bagtyýarlykdygyna oňa gözi gidýän adamlaryň hal-ahwalyndan çen tutup düşünip biljekdigimi, hatda korollaryň hem beýik işler üçin dünýä inmegiň hesretini çekip dady-peryat edýändiklerini, özlerine «iki çägiň — peslik bilen beýikligiň — arasyndan, orta gürpden orun berlen bolsady» diýip, ahmyr çekýändiklerini, muny hatda akyldarlaryň hem ne garyplyk, ne-de baýlyk barada dileg etmek bilen tassyklaýandykaryny öwran-öwran aýtdy.
Durmuşyň kynçylyklarynyň ýokarky we pes gatlaklaryň arasynda paýlaşylýandygyny, emma orta gürpdäki adamlaryň paýyna has az betbagtlyk düşýändigini hem-de olaryň begzadalar we pukaralar ýaly, keç ykbala sezewar bolmaýandygyny; bir tarapdan, keýpi-sapa, kaşaňlyk, hetdenaşmalar ýa-da beýleki bir tarapdan, agyr zähmet, mätäçlik, ýaramaz, ýeter-ýetmez owkat zerarly, ýaşaýyş keşpleriniň tebigy netijesi bolan agyr kesellere ýolugýan adamlara garanyňda ortahal adamlaryň hatda synalarydyr janlarynyň bela-beterlerden has köp aman galýandygyny; ortaça gün-güzeranyň ähli gowy zatlaryň, keýpiçaglygyň sakasydygyny; parahatçylyk bilen bolçulygyň oňa hemra bolýandygyny; aramlygyň, salykatlylygyň, asudalygyň, jan saglygynyň, göwnaçyklygyň, her dürli ýakymly güýmenjeleriň hem-de üýtgeşik-üýtgeşik şady-horramlygyň şu hili ortagürp ömür sürýän adamlara mahsusdygyny, şeýle bolanda ortahal adamlaryň bu ýalançyda

parahat hem-de imi-sala ýaşap, armansyz ötüp gidýändiklerini, el hem akyl zähmetini gerdeninde çekip, bir döwüm çörek üçin gul bazarynda satylmaýandyklaryny, janyň aramyny, beden rahatlygyny bozýan çykgynsyz ýagdaýlardan güzap çekmeýändiklerini, ne-hä bahylçylygyň alawlary bilen ne-de şan-şöhrata höwes etmegiň közünden pynhan ýerde ýeke ýanmagyň derdi zerarly tütäp ýörmeýändiklerini, oňa derek olaryň ýeňil şertlerde bu dünýeden muşakgatsyz geçip gidýändiklerini, ünji-aladasyz durmuşyň lezzetlerinden dadýandyklaryny, özlerini bagtly duýýandyklaryny hem-de gündelik tejribeleri bilen muňa has çuňňur göz ýetirmegi öwrenýändikleini ýeke-ýeke sanady.

Soňra bolsa, kakam oglanlyk etmezligimi, ykbalyň hem-de durmuşyňbu güne çen menden sowlup geçen agyr ýagdaýlarynyň çoçgaryna çolaşmazlygymy; bir döwüm çörege mätäç däldigimi, meniň üçin janyny aýamajakdygyny, dek şu wagt ündäp oturan durmuş ýoluna girmegim üçin elinden gelenini gaýgyrmajakdygyny; eger şonda-da işim şowlamasa ýa-da bagtym gara bolsa, onda munuň sebäpkäriniň şum täleý hem-de öz ýalňyşlygym boljakdygyny erjellik bilen, diýseň mähirli ýagdaýda düşündirmäge durdy. Özüme diňe zyýany degjek bu işlere goşulmazlygymy maňa öňünden duýdurmak bilen, ol öz borjuny ýerine ýetirip, ähli jogapkärçiligi öz boýnundan aýyrdym etdi. Gepiň külesi, eger-de oňa hä diýäge-de öýde galyp, öý-işik bolup gitsem, ol maňa el-aýak boljakdy, emma başymdan külpet inse welin, işime goşulyşmakçy däldi. Gepiniň ahyrynda kakam maňa uly doganymy mysal edip görkezdi, ol ony Niderland urşuna ibermejek bolup, edil meni raýymdan gaýtarjak bolşy ýaly, näler jan edipdir. Ýöne ýalbar-ýakaryň haýry bolmandyr: doganym göçgünli arzuw-hyýallar bilen goşuna gaçyp gidip, söweşde wepat bolupdyr. Meniň üçin doga-dileg etmegini hiç haçan bes etmejekdigini, eger ýüregime düwen niýetimden dänmesem welin, Allanyň meni ýalkamajakdygyny, öz pendi-nesihatyny tutmadygyma ahyr bir gün ahmyr etjekdigimi, emma şonda, megerem, dadyma ýetişere adam tapylmajakdygyny aýdyp, kakam sözüni soňlady.

Kakam özi aňmasa-da, hakykatdan hem, welilik bilen şol soňky sözlerini aýdan mahaly, esasan hem, çaknyşykda wepat bolan doganymy mysal getirende ýaňaklaryndan gözýaşynyň syrygýandygyny gördüm. Kakam görgüli bir gün toba gelmeli boljakdygymy, ýöne şonda maňa adam oglundan dalda bolmajakdygyny aýdan pursaty bolsa, tolgunmakdan ýaňa titiräp, ýüreginiň pürepür bolup durandygyny, ýeke agyz gürlemäge rowgatynyň galmandygyny aýtdy.

Men şol gürrüňe bozulyp gaty tolgundym, nalaç, mundan beýläk gaýry ýurtlara gitmek hyýalymy goýbolsun etmegi, kakamyň isleýşi ýaly, öý-ojak bolmagy ýüregime düwdüm. Arman, birnäçe gün geçensoň, bar zat «şertim şahyma» diýleni boldy. Gepiň tümmek ýeri, şondan birnäçe hepde geçensoň, kakam indi etegimden aslyşmaz ýaly, «ondan gaça durmaly» diýen netijä geldim. Emma indi ilkibaşdaky ýaly dyzmaçlyk etmeli däldigime düşündim, onçakly alňasamadym. Bir gün keýpi kökräkdir öýden gezegim ejemi bir gyra çekdim-de, oňa älem-jahana keşt etmegi küýümden çykaryp bilmeýändigimi, şol zerarly haýsy bir işiň başyny tutsam hem, soňuna çenli sabyr-takatymyň ýetmejekdigini hem-de iň gowusy öz razylygy bilen kakamyň meni goýbermegini, ýogsam başymy alyp gitjekdigimi aýtdym. Men

özümiň on sekiz ýaşandygymy, bu ýaşdan soň, kesp-kär öwrenmegiň, aklawçynyň kätibi bolmagyň örän giçdigini hem düşündirdim. Hatda bardy-geldi kätip bolaýanymda-da öz hojaýynyma uzak hezil bermejekdigimiň köre-hasadygyny hetjikläp, synag möhleti gutarmanka, ondan gaçyp, deňze gitjekimi, ejemden ýekeje gezeklik deňiz syýahatyna goýbermäge kakamy yryp bermegini soradym, eger syýahaty halamasam, öýe dolanyp gelemsoň, gaýdyp gitmejekdigimi aýtdym. Gelemsoň syýahata gideren wagtymyň iki esse edip öwezini doljakdygyma äht etdim. Bu sözlerime ejem ör-gökden geldi, bu barada kakam bilen gürleşmegiň netije bermejegini, maňa nämäniň peýdaly boljakdygyny kakamyň özüniň örän gowy bilýändigini, razylyk bermejegini aýtdy. Onsoňam kakamyň munça öwütlerinden, sypaýy, mähirli sözlerinden soň, meniň henizem niýetimiň üýtgemändigine ejem gaty geň galdy. Eger öz aýagymdan palta urmak isleýän bolsam, onda dagy alaç ýokdugyny, heläk bolup gitmegime razy däldigini, meniň hiç wagt «kakam garşy hem bolsa, ejemi-hä göwnedipdim» diýmäge hakymyň bolmajagyny aýtdy.
Meniň üçin kakamdan towakga etmegi boýun almadyk hem bolsa, ejemiň biziň aramyzda bolan gürrüňi soň gylyny gymyldatman oňa aýdyp berendigini bildim. Örän erbet ynjalykdan gaçan kakam uludan demini alypdyr-da, oňa: «Bu oglanjyk öýde galan bolsa, bagtly bolup bilerdi, emma alys ýurtlara gitse welin, ol şu dünýäde dogup-dörän iň bir biçäre mahluga öwrüler. Men muňa öz razylygymy berip biljek däl» diýipdir.
Şol wakadan soň bir ýyl hem geçip-geçmänkä, erkinlige çykdym. Şoňa çenli belli-külli bir hünäriň başyny tutmak baradaky ähli tekliplere hötjetlik bilen gulak asman gezdim, gol bulap çagyryp duran, gije-gündiz arzuw edýän ýaşaýşyma çyr-çytyr garşy durýandyklary üçin kakamdanam, ejemdenem öýke edýärdim. Ýöne bir gün Hall şäherine keýpine gezelenje gidemde, gaçmak baradaky pikiriň hyýalymda-da ýok mahaly, kakasynyň gämisi bilen Londona ugrajak bolup duran bir dostum meni özi bilen bile gitmäge yrmaga başlady. Ýol üçin üçin kör-köpügimiň çykmajakdygyny aýdyp, deňizçileriň tüýs hoşuna gelýän gowşak damarymdan tutdy. Ine, onsoň, kakamdanam, ejemdenem soraşman, hatda olara ýekeje agyz habar hem ibermän, «dura-bara özleri eşidişerler» diýäge-de, ne-hä kakamyň ak patasyny alyp, ne-de maşgalamyz bolup Biribardan medet diläp, başyma düşjek ýagdaýlara-da, olaryň netijelerine-de pitiwa etmän, Taňry şaýatdyr, şol bisähet gün, ýagny 1651-nji ýylyň 1-nji sentýabr güni Londona tarap barýan gämä aýak basdym. Göwnüme bolmasa, hiç bir ýaş başdan geçirijiniň başyndan düşen hupbatlar meniňki ýaly şeýle çalt gelen däldir hem şeýle uzaga-da çekmedik bolsa gerek. Gämimiz Hall derýasynyň Humberde deňze guýýan ýerinden çykan badyna, ýel öwsüp, deňiz eýmenç möwç urup başlady. Şol wagta deňiç deňze çykyp görmämsoň, halym harap bolup, ýüregime aralaşan gorky diýip-aýdar ýaly bolmady. Men telek iş edendigim, kakamyň öýüni nähak taşlap gaýdandygym hem-de öz perzentlik borjumy ýerine salmandygym sebäpli Perwerdigäriň adalatynyň başymdan inendigi barada çynlakaý oýlanyp ugradym. Enem-atamyň ähli öwüt-nesihatlary, kakamyň gözünden syrygan ýaş, ejemiň özelenişi gaýtadan ýadyma düşdi. Heniz küteleşmedik wyždanym bolsa

maslahatlary äsgermezçilik edendigim, Biribaryň we kakamyň öňündäki öz borjumy bozandygym üçin maňa gyjalat baryny berýärdi.
Şol aralykda tupan güýjedi, deňizde bolsa mähnet tolkunlar çarp urýardy, şeýle hem bolsa bu harasat şol wagta çenli, hatda şondan birnäçe gün geçensoň görenlerime düýbünden meňzemeýärdi. Henize-bu güne çenli munuň ýaly zada duşmadyk ýaşajyk deňizçini haýykdyrmak üçin bu harasat ýeterlikdi. Üstümize sürnüp gelýän her tolkun bizi ýuwdaýjak ýalydy. Gämi her sapar, tolkunyň aşagynda galyp, şu gezek deňziň läbigine batarly görnende «indi deňziň ýüzüne çykyp bilmeris» diýip pikir etdim. Gorkudan ýaňa ýüregim agzyma gelip, öz ýanymdan, eger şu syýahatymda Hudaý meni ýalkap, janymy halas etse, sag-aman aýagymy gaýtadan gury ýere basyp bilsem, göni kakamyň öýüne ýelk ýasap, galan ömrümde dagy-duwara gämä münmejekdigime, kakamyň diýeninden çykmajakdygyma, hiç haçan janymy şunuň ýaly howpa sezewar etmejekdigime ýetişibildigimden ant içýärdim. Kakamyň ortagürp ýaşaýyş baradaky aýdanlaryna indi düşünip ugradym. Ol nähili asuda, arkaýyn ömür sürüpdir, hiç haçan apy-tupanda, gämide gorkusyndan Biribary çagyryp oturmandyr, hatda kenardaka-da kynçylyklardan sowlup geçip ýaşapdyr. Onuň nähili dogry ýaşandygyna gözümi ýetirip, indi men öýünden tazygyp gaçan, soňam puşmana gelip yzyna dolanmagy, kakamyň ýanyna, öýe gaýdyp barmagy ýüregime düwdüm.
Bu pähim-parasatly pikirlerim apy-tupan sowulýança, hatda sowlandan soň hem ep-esli salym dowam etdi; ýöne ertesi gün ýel ýatyp, deňiz köşeşensoň, men onuň bilen biraz öwrenişip başladym. Barybir, uzakly gün keýipsiz boldum, meniň deňiz tutmam hem o diýen aýrylmandy. Ýöne gijöýlänler howa açylyp, şemal birneme kiparlady, asuda, ajaýyp agşam çagy düşdi. Gün kir-kimirsiz asmanyň astynda ýaşyp gitdi we ertesi säher bilen lowurdap dogdy. Şemal edaja öwüsýärdi, hatda öwüsmeýär diýen ýalydy, endigan, çalaja tolkun atyp ýatan deňziň üstüne güneş şöhlesini saçyp durdy, men henize çenli beýle haýran galdyryjy görnüşe tomaşa edip görmändim.
Gije mazalyja ukymy alypdym, deňiz tutmasy bolsa zym-zyýat bolupdy. Meniň örän şähdim açykdy, geň galmak bilen deňzi synlaýardym. Ol dek düýn-ä uly gopgun turzup güwwüldeýärdi, bu günem ýuwaşap, göwnüňe ganat bagladýardy. Şol pursat hamana bu duýgularymdan dändirmek üçin diýen ýaly, meni gaýtmaga yran dostum ýanyma geldi-de, egnime kakyp şeýle diýdi: «Ýeri, Bob, düýnki harasatdan soň, özüňi nähili duýýaň? Gorkmadyk bolsaň aýdanyňy bereýin. Düýn gije sähelçe şemal turdy diýip gorkduň gerek?» «Sähelçe diýýäňmi? Elhenç tupan turdy ahyryn». «Tupan!? Samsyk bolma! — diýip, ol jogap berdi. — Sen, näme, şoňa-da tupan diýýäňmi? Onyň dagy nämejikmişin, gowy gämide, birem giň deňizde bolan bolsadyk, beýle-beýle ýeljagazlara barmysyňam diýmezdik. Sen entekler deňiz görmedik deňizçi-dä, Bob. Gel, hany, birje bulgur punş jyňkydaly, barysy ýadyňdan çykar gider. Seretsene, şu wagt howa neneňsi ajap!» Öz hekaýatymyň şu gaýgyly bölegini gysgaldyp aýdanymda, şondan soň biz adaty deňizçileriň bolşy ýaly boluberdik. Punş taýýar boldy, menem birnemejik içip, kellämi sämetdim. Şol gijeki şagal mesligi bilen men bar tobalarymy, öz eden etmişim baradaky ähli oý-pikirlerimi, geljegim hakdaky çözgütlerimi başymdan aýlap urdum. Gepiň keltesi, şol

apy-tupandan soň deňiz ýüzüniň endigan bolşy, imi-salalygyň aralaşyşy ýaly, meniň galagoply pikirlerim aýrylyp gitdi, deňziň tolkunlary ýuwdar diýen gorkudyr wehimlerim ýadymdan çykdy, öňki eden arzuwlarym yzyna dolanyp geldi, howp-hatar wagtynda eden ähli ähdi-peýmanlarymy-da bütinleý kellämden çykardym. Dogrusy, arasynda akylyma aýlanjak hem boldum, çynlakaý pikirler aram-aram aňyma dolanyp geljek boldy. Ýöne men olary kowýardym, has takygy özüm olardan, hamana diýersiň, ýuwhadan gaçan dek gaçýardym, aňymy serhoşlyga, şagalaňa berip, özümçe atlandyryşym ýaly, şol tutgaýlary gaýdyp gelmez ýaly edýärdim. Wyždanyndan ymykly dynmagyň ugruna çykan islendik ýaş ýigdiň arzuw edişi ýaly, men bäş-alty günüň içinde öz wyždanymy doly suratda ýeňlişe sezewar etdim. Emma men ýene-de bir synagdan geçmeli boldum. Şunuň ýaly ýagdaýlarda hemişe bolşy ýaly, Biribar maňa bahana edere ýer goýmaýardy, çünki eger-de men bu synagy ylahy hemaýat hökmünde kabul etmesem, onda indiki synagyň aramyzdaky iň barypýatan näkesiň-de howuny basyp, ony aman dilemegä mejbur etjekdigi indi ikuçsuzdy.
Deňze çykanymyza altylanjy gün diýlende, biz Ýarmut reýdine baryp ýetdik. Howa parahat hem bolsa, gämi garşydan ösýän şemaly böwsüp ýüzmeli bolansoň, biz örän az ýol geçipdik. Ýarmutda labyr taşlap, ýedi-sekiz günläp saklanmaly bolduk, gabat-garşydan, ýagny günorta-günbatar tarapdan bolsa üznüksiz ýel ösýärdi. Şol wagtyň dowamynda reýde Nýukasl şäherinden örän köp gämi geldi, sebäbi Ýarmut reýdi gämileriň Temza deryasyna ugurdaş ýel öwüsýänçä gelip düşleýän umumy duralga ýeri bolup hyzmat edýär eken.
Şeýle-de bolsa, biz ol ýerde uzak wagtlap durman, daşgynyň bady bilen derýa ýüzüp girmegi hyýal edip ýörkäk, birden diýseň sowuk, güýçli ýel turdy, dört-bäş günden ol has-da beterine tutdy. Emma Ýarmut reýdi edil gawan ýaly gowy hasap edilýärdi, labyrymyz oňatdy, labyr urganlary bolsa juda mäkämdi; onsoň biziň adamlarymyz hiç hili howatyrlanman, sähelçe howpy hasabam etmediler. Olar deňizçileriň edähedi boýunça öz boş wagtlaryny dynç alyp, şatlyk-şagalaňda geçirdiler. Ýöne sekizilenji gün irden ýel ýaňadan güýjäp ugrady, gämimiz mümkin boldugyça howpsuz durar ýaly, bogaldagyň uzaldylan böleklerini aýryp, bar zady pugta temmälemek üçin ýerli-ýerden gara-başagaý bolup işledik. Günortanlar deňziň äpet gomlary beýgelip başlady, tolkunlar ala-güwwüldi bolup, gäminiň burun tarapyna zarp bilen gelip urulýardy, bortdan bolsa telim gezek suw agyp geçipdi, birki gezek dagyn labyryň urgany şarpa üzülendirem öýtdük. Şondan soň kapitan «ýene-de bir labyry suwa oklaň» diýip, buýruk berdi. Indi biz gämini iki sany labyr bilen saklajak bolýardyk, soňuna çenli dartylan tanaplar, üzülmäň öň ýanyndadylar.
Şol wagt birden juda gazaply harasat gopdy, indi hatda tejribeli deňizçileriň ýüzünde-de gorky, aljyraňňylyk alamaty görnüp başlady. Gämini aman saklamak üçin hüşgärlik bilen işläp ýören-de bolsa, öz kaýutasyna bir girip, bir çykyp, zowzullaýan kapitanyň ýuwaşja ses bilen: «Eý, Biribar, özüň bize rehim edeweri, ýogsam, barymyz heläk bolarys! Barymyzyň tepbedimiz okalar!» diýip, samyrdap ýöreni birnäçe gezek gulagyma ildi. Başlangyçdaky şol gopgun-zenzele halys aňkamy aşyransoň, men basgançagyň aşagyndaky kaýutamda gymyldaman ýatyrdym, halym

diýseň teňdi. Mese-mälim üstüni basalap, aňymdan kowjak bolan öňki tobama dolanyp gelmek maňa agyr degýärdi. Ölümiň elhençligi sowlup gidendir, bu harasadam bolaýsa öňküçeräk bolar öýdýärdim. Ýöne ýaňky aýdyşym ýaly, kapitanyň hut özi duşumdan geçip barýarka, barymyzyň heläk boljakdygymyzy aýdanda welin, gorkymdan ýaňa tas ýüregim ýarylara geldi. Men kaýutamdan çykdym-da, daş-töwerege esewan etdim. Munuň ýaly eýmenç görnüşi heniz ömrümde görmändim. Deňiz tolkunlary edil dag ýaly bolup beýgelýärdi-de, her üç-dört minutdan üstümüzden güwläp gaýdýardy. Özümi dürsäp, göz aýlanymda dumly-duşda diňe aljyraňňylygyň höküm sürýändigini gördüm. Golaýymyzda labyrda duran agyr ýükli iki sany gäminiň ýüküni azaltjak bolup, olaryň bogaldaklaryny paltalap ýykdylar. Adamlarymyz ýarym mil çemesi aňyrda duran bir gäminiň gark bolup barýandygyny görüp gygyryşdylar. Labyryndan gopan ýene-de iki sany gämi bolsa reýdden çykdy-da açyk deňze tarap ýeliň ugruna gitdi, olaryň ýekeje bogaldagy hem ýokdy. Ýeňil gämileriň ýagdaýy beýlekilere garanyňda has gowudy, deňiz olary onçakly kösäp duranokdy, emma olaryňam iki-üç sanysy diňe şprint ýelkenini pasyrdadyp, duşumyzdan dazlap geçäge-de, deňizde gözden gaýyp boldy.

Iňrik garalyp başlanda şturman bilen bosman fok-bogaldagy kesmäge rugsat aljak bolup, kapitana ýalbaryp ugradylar. Kapitan oňa düýbünden göwnärli däldi, ýöne bosman eger şeýtmeseler, gäminiň gark boljakdygyny aýdyp, tersine tutup duransoň, ahyry ol boýun boldy. Fok-bogaldak çapylyp aýryldy welin, grot-bogaldak hem ikibaka yraň atyp, gämini irginsiz çaýkap başlady, onsoň ony hem kesip aýyrdyk-da, palubany tep-tekiz edip goýduk.

Ýaňy-ýakyndaky sähelçe harasatdan hem şonça gorkup oturan halyma, heniz ibaly deňiz görmedik men pahyryň şu iki aralykda nähili duýgulary başdan geçirendigimi özüňiz biliberiň. Emma welin aradan şunça wagt geçensoň şol wagt özüm barada eden pikirlerimi beýan etsem, onda men başdaky düşünjelerim, soňra bolsa olary taşlap, ilkibada pugta ynanan al-kakmyş etsem-petsemlerim hakda oýlanyp, ajaldan on esse beter şolardan gorkdum. Apy-tupanyň elhençlikleriniň üstesine, şol pikirler meni söz bilen beýan edip bolmajak çykgynsyz ünjä goýdy. Ýöne iň erbedi entek öňdedi. Harasat şeýle bir güýçli möwç urýardy welin, özleriniň hem boýun almaklaryna görä, deňizçiler henize çenli beýle zada duş gelmändirler. Biziň gämimiz güýçlüdi, ýöne ýüküniň agyrlygyndan ýaňa, deňziň içinde o ýana — bu ýana yraň atyp gyşarýardy, şonuň üçinem palubadakylar häli-şindi «gämi gark bolýar» diýşip, ala-gykylyk boluşýardylar. Ol, bir tarapdan, meniň bähbidime boldy, sebäbi men özüm soraýançam, «gark bolmak» diýip, olaryň nämäni göz öňünde tutýandyklaryny aňşyrmandyryn. Ýöne, tupan kükräp, has-da bolmajysy bolan mahaly, kän bir duş gelmeýän ahwalat boldy — kapitan, bosman we ýene käbirleri hemmelerden beter galpyldaşyp, doga okaýardylar we islendik pursatda gäminiň deňziň düýbüne çümüp gitmegine garaşýardylar. Öňki haý-haýlarymyz azlyk edýän ýaly, ýarygije bolanda, oňa-muňa esewan etmek üçin trýuma giren deňizçileriň biri gygyryp, gäminiň böwrüniň deşilendigini habar berdi, ýene biri bolsa, trýumdaky suwuň eýýäm dört futa ýetendigini aýtdy. Onsoň «hemmeler soruja tarap» diýlen buýruk berildi. Bu sözi eşidemde ýüregimiň urmasy togtan ýaly boldy, oturan ýerimden kaýutanyň içine çiň-

arkan gürpüldäp gaýtdym. Bolsa-da, deňizçiler meni ýerimden galdyryp, öň derde ýaramadyk hem bolsam, indi edil beýlekiler ýaly işläp biljekdigimi aýtdylar, onsoň men derrew sorujynyň ýanyna haýdap baraga-da, hyjuw bilen işläp başladym. Şol wagt kömür çekýän birnäçe ýeňil gämi harasada döz getirip bilmän, labyryny galdyrdy-da, açyk deňze çykmaga mejbur boldy, bize golaýlaberen pursady kapitan olary gördi-de, kyn ýagdaýdadygymyzy habar bermek üçin, top atmagy buýruk berdi. Men olaryň näme etmekçi bolýandyklaryna düşünmän, gämi omurlandyr, ýa-da nähilidir bir bolmasy iş bolandyr öýtdüm. Garaz, gorkyma essim aýylyp ýykyldym. Her kim öz janyny halas etmegiň aladasy bilen ber-başagaý bolşup ýörensoň, men hiç kimiň azaryna-da däldim, maňa näme bolany bilen gyzyklanýan hem ýokdy. Başga bir deňizçi bolsa, eýýäm ölendirin öýtdümi-nämemi, sorujynyň başyna geçdi-de, meni aýagy bilen bir gapdala itekläp goýberdi. Huşuma gelip, aýňalýançam ep-esli wagt geçen eken.

Biz işlemägi dowam etdirýärdik, ýöne trýumdaky suw barha ýokary galýardy. Gäminiň gark boljagy görnüp durdy, tupan az-kem böwşeňleşip ugran hem bolsa, barybir haýsydyr bir gawana baryp girýänçäk, gäminiň suwuň ýüzünde saklanyp biljegi gümanady, şonuň üçinem kapitan kömek çagyryp, yzyny üzmän top atdyrýardy. Ahyrsoňy, öňýanymyzda duran ýeňil gämi bize kömek etmek üçin bir gaýyk ibermäge töwekgellik etdi. Gaýyk uly howp astynda bize ýakynlaşdy, ýöne ne-hä biz gaýyga münüp bilýärdik, ne-de gaýyk gäminiň alkymynda saklanyp bilýärdi. Gaýykdakylar bolsa biziň janymyzy halas etmek üçin özlerini howp astyna salyp, bar güýçleri bilen kürekleýärdiler, biziň adamlarymyz gäminiň yzky böleginden olara tarap ujy galtgaly tanap okladylar-da, ony ep-esli goýberdiler. Kürekçiler uly görgä galyp, ahyrsoňy tanapyň ujundan tutdular, bizem gaýygy gäminiň yzky bölegine bakan çekäge-de, barymyz oňa mündük. Hemmämiz gaýyga münenimizden soň, indi olaryň gämisine baryp oturasy iş ýok, barymyz gaýygy şemalyň ugruna küreklăp, «onuň ümzügini diňe kenara tarap saklamaly» diýen ylalaşyga geldik. Kapitanymyz kürekçilere «Eger gaýyk kenara urlup, döwläýse, onda kapitanyňyza muzduny tölärin» diýip söz berdi. Şeýlelikde, gaýygy käte küreklăp, käte şemalyň ugruna goýberip, biz demirgazyga, Winterton-Ness tarapa, kenara gyýalap ýüzüp gitdik.

Gämiden düşenimizden soň çärýek sagat hem geçmänkä, onuň suwa çümüp gidenini görüp galdyk. Şonda deňizde gäminiň «*gark bolmagynyň*» nämedigine ilkinji gezek düşünip galdym. Deňizçiler gäminiň gark bolýandygyny görüp gygyryşan wagtlary şol tarapa seretmäge bognum ysmady, sebäbi, gaýyga özümi oklanym bäri, ýa-da, has dogrusy, olar meni gaýyga çekip mündürenleri bäri gorkudanmy, «başymdan ýene nämeler injekkä» diýen howatyrdanmy, garaz, men gymyldamaga ýaraman, süýnüp ýatyrdym.

Kürekçiler gaýygy kenara ýakynlatjak bolup, haýdap kürekleýärkäler, biz diňe öz gaýygymyzyň tolkunlaryň gerşine münen wagty, gury ýeri görüp bilýärdik. Gara-başymyza gaý bolşup barşymyza, kenara golaýlan wagtymyz bize kömek etmek üçin kenarýakada hümerlenişip gaýmalaşýan uly mähellä gözümiz düşdi, ýöne biz örän haýal ýol öndürýärdik. Kenaryň günbatarlygyna Kromere tarap öwrülip gidýän, şonuň üçinem harasadyň has gowşak duýulýan ýeri bolan Winterton maýagynyň

deňinden geçip, zordan gury ýere baryp ýetdik. Biz uly kynçylyk çekip, ýöne her niçik-de bolsa, barymyz başy bitin kenara çykdyk. Ýarmuta barýançak pyýadalap ýöredik. Ol ýerde bizi görgüli biçäreler hökmünde uly myhmansöýerlik bilen garşy aldylar, şäheriň magistratlary bizi ýyly jaýlara ýerleşdirdiler, hususy söwdagärlerdir gämi hojaýynlary bolsa, dem-dynç alanymyzdan soňra, Londona ýa-da Hall şäherine dolanyp barmagymyza ýeterlik harajat berdiler.
Haýp, käşgä şonda Hall şäherine, öýüme dolanyp barmak kelläme gelen bolsa, bagtyýarlykda ýaşardym. Hatda, münüp giden gämimiň Ýarmut reýdinde gark bolandygyny, ýöne şondan köp wagt geçensoň, meniň sag-aman galandygymy eşiden mahaly, kakam, edil Isa pygamberiň hekaýatynda bolşy ýaly, begenjine semiz göle-de soýardy.
Emma şum täleýim indi öňüni alyp bolmajak hötjetlik bilen maňa albaý bulaýardy. Şeýle-de bolsa «öýüňe dolan» diýip, akyl-paýhasym, wyždanymyň sesi ençeme gezek mese-mälim töwella baryny etse-de, barybir beýle etmäge gurbatym çatmady. Muňa näme diýip, näme aýtjagymy-da bilemok. Öňümizde keserip durandygyny görsegem, bizi göz-görtele öz heläkçiligimize bakan öz aýagymyz bilen alňasamaga mejbur edýän hökmirowan ýazgydyň gizlin eradasynyň bardygyny hem ýaňzydyp oturmakçy däl. Gürrüňsiz, gaçyp sypmagyma maý bermeýän keç ykbalymyň meni pähimli delilleriň, iň pynhan pikirlerimiň subutnamalarynyň hem-de ilkinji synanyşygymda başyma düşen şunuň ýaly aç-açan iki sany duýduryşyň tersine gitmäge mejbur eden bolmagy hem ahmal.
Maňa ilkibaşda meçew beren dostum — gäminiň eýesiniň oglunyň indi mendenem beter bady gaçypdyr. Herimizi şäheriň bir ýerine ýerleşdirensoňlar, biz iküç günden bir gezek gabatlaşyp bilýärdik. Ýarmutda ilkinji gezek oňa duş gelenimde, onuň hörpüniň üýtgändigini aňdym. Dostum gamgyn garap, çala başyny ýaýkady-da, hal-ýagdaýymy sorady. Ol kakasyna meniň kimdigimi aýdyp, bu syýahata ýöne bir synag hökmünde gatnaşandygym, geljekde bolsa dünýä aýlanyp çykjak bolýandygym barada gürrüň berdi. Şonda onuň kakasy maňa ýüzlenip, çynlakaý, nebsagyryjy äheňde: «Ýaş ýigit, galan ömrüňe deňze çykyjy bolaýmagyn; başymyzdan inen bu külpetiň deňizde ýüzmeli däldigiňi aç-açan duýduryan şübhesiz alamatdygyna düşün» diýdi.
— Näme üçin, ser? — diýdim. Soňam: — Eýsem indi sizem deňze çykmarsyňyzmy? — diýip närazy äheňde sözümiň üstüni ýetirdim.
— Ol men başga mesele — diýip, ol jogap berdi: — Bu meň kärim, diýmek borjumam. Emma sen bu syýahata synag üçin çykypsyň, eger-de bir depen ýeriňe depip dursaň, onda tama edýän zadyň üçin Biribaryň nähili şelpeli şapbat dadyrjakdygyny öz gözüň bilen gördüň. Ýunus pygamber Farsisiň gämisine münendäki ýaly, belkem, bu zatlaryň barysy sen sebäpli başymyzdan inendir. Haýyş edýän — diýip sözüne dyngy berdi. Soňam gözümiň içine göni garap: — Sen kim bolarsyň, näme üçin deňizde ýüzmäge çykdyň? — diýip sorady.
Onsoň men oňa özüm barada az-owlak gürrüň berdim. Sözümi gutaryp-gutarmankam, ol gazap bilen al-petimden aldy:

— Wah, bu petigara yşarat gämime aýak basar ýaly, meniň näme ýazygym bardyka? — diýip, ol nalady.
— Müň funt berselerem, galan ömrüme eger-eger seň bilen bir gämä aýagymam sekmerin.
Elbetde, ol öz çeken ýitgisine gynanjyna hem gaharyna ýüreginde ýok zady gürleýärdi, bu bolşuna ol has öte geçibem biljekdi. Hernä, ol soňundan çynlakaý äheňde gürledi, kakamyň ýanyna dolanyp barmaga boýun etjek boldy, Allanyň betbagtçylyk indermeginden gaça durmagymy, bu bolan zatlardaky ylahy hikmetiň manysyna düşünmegimi ündedi.
— Onsoňam, ýaş ýigit! — diýip, ol sözüni soňlady. — Maňa ynanaý, eger öýüňe dolanyp barmasaň, onda nirä gitseň gidiber, tä kakaň aýdan sözleri hakykata öwrülýänçä, görjegiň şumluk bilen betbagtçylyk bolar.
Buýtar-suýtar edip oturamsoň, biz basym hoşlaşmak bilen bolduk, şondan soň men ony gaýdyp görmedim, nirä gidendigini hem bilip bilmedim. Jübimdäki pulum o diýen köp bolmansoň, gury ýer bilen Londona tarap ýola düşdim. Ýolda gidip barýarkam, «Londona baryp ýetemsoň men haýsy ykbaly saýlamaly, öýmüze gitmelimi ýa-da deňze» diýen pikire gümra bolup, kän kelle döwdüm.
Öýe gaýdyp barmak hakda aýtsam, kelläme gelen iň ýagşy niýetlere utanjym böwet boldy, birdenkä bar goňşularymyň üstümden güljekdikleri, diňe bir ejem bilen kakama däl, eýsem, il-güne nädip görünjekdigim göz öňüme geldi durdy. Şondan bäri men adam oglunyň, hususan-da, ýaşlaryň şuňa meňzeş ýagdaýlarda ugur alýan pähim-paýhaslaryna bolan garaýyşlarynyň neneňsi ýerliksiz, ugur-utgasyz bolýandygyna köp gezek göz ýetirdim, ýagny, adamlar günä iş etmekden däl-de, toba etmekden utanýarlar. Tüýs akmaklyk! Eden etmişlerinden däl-de, puşman etmekden haýa-şerim edýärler. Aslyýetinde, puşman gelmek, olary akylly adamlaryň sanyna goşup bilýär ahbetin.
Şeýle ýagdaýda men näme etjegime, nähili durmuşda ýaşajagyma düşünip bilmän, ep-esli wagtlap gezdim. Öýe dolanyp barasym gelenokdy. Bu duýgumy ýeňip geçip bilemokdym. Onsoň men öýe barman birsellem köw-söw ediberdim. Duçar bolan betbagtçylyklarym kem-kemden hakydamdan çykyşyp barýardy, onuň bilen bilelikde, şeýle-de ujypsyzja bolan öýe dolanmak baradaky niýetim ýitip başlady, ine, ahyrsoňy, bir gün men ondan ymykly el çekdim-de, täzeden syýahata çykmak hakda arzuw edip ugradym.

## II BAP

Meni ilki bilen kakamyň öýünden gaçmaga iteklän, mende genji-hazyna ýygnamaga bolan jylawlanmajak höwesi oýaran, köpbilmişligi aňyma guýup, ak ýürekden berlen maslahatlary, ýalbarmalary, hatda kakamyň buýruklaryny gulagymyň ýele ýanyndan geçirden şol şum täsir, hawa, nä jüre zatdygy näbelli hut şol güýç arzuw-hyýalymda köwsarlap, ahyrsoňunda meni iň bir betbagt niýete odukdyrdy: men Afrikanyň kenarýakalaryna, ýa-da deňizçiler aýtmyşlaýyn, Gwineýa tarap barýan gämä mündüm.

Şol başdan geçirmeleriň hiç birinde deňizçi bolup hyzmat etmändigim meniň uly betbagtlygym boldy; iň bolmanda adatdakydan biraz köpräk işlän bolsadym, deňizçiniň borçlaryny, kesp-kärini öwrenerdim we belkem, wagtyň geçmegi bilen edil kapitan diýmeseňem, şturman ýa-da kapitanyň kömekçisi bolub-a ýetişerdim. Ýöne iň erbet zady saýlap almak maňlaýyma ýazylansoň, şu gezek hem şeýle boldy. Kisäm pulluja, eginbaşym gurat bolansoň, men borta elmydama tüýs hojaýynsyrap çykýardym, gämi bilen işim ýokdy, hiç bir zady öwrenjegem bolmazdym.
Londonda bagtyma örän gowy dostlara duşdum. Şol wagtky meniň ýaly ugruny ýitiren bibaş ýigidekçä, beýle bagt hemişe ýetdirip durmaýar. Melgunlar salymyny bermän olaryň daşyndan kerebini aýlap başlaýar. Mende bolsa beýle bolmady. Men ilki bilen dek ýakynda Gwineýanyň kenarýakasynda bolup gelen, ol ýerde işi diýseň şowuna düşensoň, ýene-de şol ýaňa şaýyny tutup ýören bir gämi kapitany bilen tanyşdym. Onuň bilen badabat sözümiz alyşdy gidiberdi, şol wagtlar keýpim hiç neneň däldi. Meniň jahankeşdelik etmek hyýalymyň bardygyny eşidip, ol hiç hili çykdajy etmän özi bilen syýahata çykmagymy teklip etdi, onuň bilen bir kaýutada ýaşap, gürrüňdeşlik etsem bolanydy. Islesem öz ýanym bilen haryt äkidip, ýerlemäge mümkinçiligim hem boljakdy, gören peýdam tutuşlygyna maňa galjakdy, kim bilýär, belkem, bagtym çüwüp gitjekdi.
Men teklibi kabul etdim; ol päk ýürekli, dogruçyl kapitan bilen içgin dostluk açyp, onuň bilen bilelikde ýüzüşe çykdyk. Ýanym bilen äkiden sähelçe harydymy göwnaçyk dostumyň — kapitanyň kömegi bilen aýlanşyk edip, jübimi ep-eslije galňatdym: men onuň tabşyrygy bilen kyrk funt sterlinge gol dolusy jäjek-jüýjek satyn alypdym. Şol kyrk funt sterlingi jemlemäge hat üsti bilen habarlaşan käbir garyndaşlarym goltgy beripdiler, çakym çak bolsa, olar kakamdan, bolmanda, ejemden, gününe goýman, ilkinji syýahatym üçin az-owlak ýonandyrlar.
Şol syýahat meniň ähli başdan geçirmelerimiň arasynda şowuna düşen ýeke-täk syýahatym boldy diýsem, öte geçdigim bolmaz, men munuň üçin öz kapitan dostumyň dogruçyllygyna we halallygyna borçludym. Mundanam başga, onuň ýolbaşçylygynda men matematika hem-de nawigasiýanyň düzgünleri barada ýeterlik maglumat edindim, gämi kursunyň hasabyny ýöretmegi, gözegçilik etmegi öwrendim, mahlasy, deňizçiniň biläýmeli zatlarynyň ep-eslisini ele aldym. Sebäbi, edil kapitanyň maňa hezil edip öwredişi ýaly, men hem uly höwes bilen öwrenýärdim. Garaz, şol syýahatda men hem-ä deňizçi hemem söwdagär boldum; şonda bäş funt dokuz unsiýa altyn külkesi bilen öýe dolanyp geldim, ony bolsa Londona baran mahalym pesinden 300 funt sterling pula öwürdim. Söwdam oňansoň, meni soňundan wes-weýran etjek şol öňküje arzuw-hyýallarym ýene-de serimde joş urup başlady.
Aslynda şol syýahatymda-da özüme ýetik kynçylyklarym boldy; esasan hem, syrkawlykdan gözüm açylmady. Jokrama yssy zerarly meni güýçli tropiki ysytma tutýardy, çünki biziň söwda edýän esasy kenarýakalarymyz demirgazyk giňişligiň 15-nji gradusy bilen ekwatoryň aralygynda ýerleşýärdi.
Şunlukda men Gwineýa bilen söwda etmegiň ymykly ugruna çykdym. Ýöne içiňi ýakaýyn diýen ýaly, dolanyp gelenimizden soň kän wagt geçmän, dostum ýagty jahan

bilen hoşlaşdy. Men barybir syýahata çykmagy pugta ýüregime düwüpdim. Şeýle bolansoň, indi kapitanyň ozalky syýahatdaky kömekçisiniň dolandyrýan gämisine mündüm. Ol syýahatym adamzat döräli bäri iň bir gussaly syýahat boldy. Men täze ýygnan baýlyjagymyň bary-ýogy 100 funt sterlingini ýanym bilen alypdym, galan 200 funt sterlingi bolsa, kapitan dostumyň dul galan aýalyna saklamaga beripdim; ol meniň hakymy iýjek aýal däldi. Syýahat barada aýtsam, elhenç betbagtçylyklara uçradym. Birinji betbagtlyk şeýle bolup geçdi: bir gezek gämimiz Kanar adalaryna tarap ýa-da has dogrusy şol adalar bilen Afrika materiginiň aralygyndan ýüzüp barýardy. Daňdanyň ümüş-tamyşynda Sale şäherini mesgen tutunan türk deňiz garakçylarynyň bir gämisi bizi gapyl basdy. Ol bar ýelkenlerini çişirip, aýagaldygyna yzymyzdan kowup başlady. Bizem gäminiň reýlerini ýazdyrara getirip, bogaldaklaryň göterip bildiginden ululy-kiçili ýelken baryny açyşdyryp, gaçyp ugradyk. Ýöne garakçylaryň arany barha ýygyrýandygyny, sanlyja sagatdan bolsa, gämileriň hökman galtaşjakdygyny aňlanymyzdan soň, garpyşyga taýýarlanyp başladyk. Biziň gämimizde on iki, garakçylarda bolsa on sekiz sany top bardy. Öýlän sagat üçlerde garakçylar yzymyzdan ýetdiler, ýöne niýet edişleri ýaly, gämimiziň yzky tarapyndan däl-de, tersine ýalňyşyp, bort tarapyndan ýanaşdylar. Biz şol tarapa derrew sekiz sany topy süýräp geçirdik-de, zalp bilen duşman gämisine ot sowurdyk. Garakçylaryň gämisi birneme ugruny üýtgeden ýaly etdi-de, toplaryny gümmürdedip, bize gaýtawul berdi. Gäminiň bortundaky iki ýüze golaý garakçy bolsa, paýradyp tüpeň atdylar. Ýöne olaryň oklary ýekeje adama-da degmedi. Biziňkileriň barysy mert durýardy. Garakçylar täzeden hüjüm etmäge, biz bolsak goranyşa taýýarlanýardyk. Emma, bu gezek olar gämä beýleki bort tarapdan ýanaşyp, abordaž etdiler. Altmyş sany garakçy palubamyza mündi-de, hasyr-husur haýdaşyp, ýelkenleri, urganlary çapyşdyrmaga, kesişdirmäge başlady. Biz olara tüpeň atyşyp, keltejik naýzalar, därili gutular, başga-da elimize ilen zatlar bilen gaýtawul berip, iki gezek palubadan gysyp çykardyk. Ýöne öz hekaýatymyzyň şol gaýgyly bölegini gysgaldyp aýtsam, gäminiň ulanarlygy galmady, üç sany deňizçimiz ölüp, sekiz sanysy bolsa ýaralandy. Onsoň biz nalaç boýun egmeli bolduk. Barymyzy ýesir edip, mawrlara degişli Sale deňiz portuna alyp gitdiler.

Ol ýerde düşen ýagdaýym başdaky ätiýaç edişimçe bolmady, meni beýleki adamlarymyz ýaly ýurduň jümmüşine — hökümdaryň köşgüne alyp gitmediler; ýaş, çakgan hem-de hyzmata gaýym bolamsoň, garakçylaryň kapitany meni öz hususy oljasy hökmünde alyp galdy. Ýagdaýlaryň meni söwdagär halyma biçäre gula öwrüp, beýle terse üýtgemegi halys sussumy basdy; täleýimiň keç bolup, dadyma ýetişere adam tapylmajakdygy barada kakamyň welilik bilen aýdan sözlerini ýatlaýardym, asyl görüp otursam, şol gürrüň rast bolup çykan eken, dagy näme bolsun, Biribaryň eradasy alnymdan çykyp, bagtyma baran ýagypdy. Wah, ýöne, hekaýatymyň dowamynda belli bolşy ýaly, bujagaz düşen günüm şondan soň ýolukjak bela-beterleriň hälki bir gyrak-bujagy ekeni.

Täze eýäm, ýagny hojaýynym meni öz öýüne äkidensoň, «ol ýene-de ýüzüşe çykan wagty meni hem ýany bilen alyp gider» diýen inçe umydym bardy. Onuň iru-giç bir belaň üstünden barjakdygyna — ispan ýa-da portugal harby gämisine ýesir

düşjekdigine, onsoň özümiň halas boljakdygyma ynanýardym. Emma meniň bu tamam basym puja çykdy, sebäbi ol deňze çykan wagty kiçijik bag-bakjasyna göz-gulak bolup, öýünde gullaryň edýän gara zähmeti bilen meşgullanarym ýaly meni öýde goýup gitdi; ýüzüşden gaýdyp gelensoň bolsa, gämä esewan bolmagym üçin maňa kaýutada ýatyp-turmagy buýurdy.
Gämide bolýan wagtym diňe gaçyp gutulmak barada pikir öwürýärdim, emma, oýlap tapan sapalaklarymyň hiç birisem meňki bolsun diýer ýaly däldi. Näçe ölçerip-döksem-de, kelläme akylly-başly çykalga gelmeýärdi, sebäbi baş birikdirip, bilelikde gaçar ýaly hiç kim ýokdy — ne-hä bir özüm ýaly gul, ne-de iňlis, irland ýa-da şotland, — sopbaş özümdim; ana, onsoň tutuş iki ýyllap diýen ýaly aram-aram öz ýanymdan göwün ýüwürtdim-de geziberdim. Gaçmak baradaky umydymdan doly el ýuwupdym.
Ýöne, iki ýyl çemesi wagt geçensoň erkinlige çykmaga synanyşmak hakdaky şol öňki küýümi kelläme getiren bir geň waka bolup geçdi. Şonda hojaýynym adatdakydan has uzak wagtlap öýünden çykman ýatdy, ol gämisiniň hem şaýyny tutmaýardy. Eşidişime görä, hojaýyn pula gaty mätäç ekeni. Onsoň ol hepdede birki gezek, howa gowy bolsa-ha iki günüň biri, gäminiň ýelkenli barkasyny alyp, deňze balyga gitmäni çykardy. Ol hemişe meni, birem ýaşajyk Mareskony gaýyk kürekletmek üçin ýany bilen alyp gidýärdi, onuň bizden diýseň göwni hoşdy. Men dura-bara balyk tutmaga şeýle bir ezber boldum welin, hojaýyn kämahallar öz garyndaşy bir mawry hem-de şol Maresko atly ýaş oglany ýanyma goşup, meni özbaşyma balyga iberip ugrady.
Bir gezek biz asuda säher bilen deňze balyk tutmaga gitdik. Bir ýarym mil çemesi ýüzüp gidenimizden soň şeýle bir goýy ümür çökdi welin, biz kenary gözden ýitirdik. Onsoň nirededigimizi, haýsy tarapa barýandygymyzy aňşyryp bilmän, tutuş gije-gündizläp kürek urduk, irden jahan ýagtylanda daş-töwerege garanjaklap, kenara bakan däl-de, açyk deňze ýüzendigimizi bilip galdyk. Kenardan pesinden alty mil dagyn daşlaşypdyrys. Güýçli ýel hem öwsüp başlansoň, biz güzap baryny görüp, birnäçe howp-hatardan geçip, ölümiň öýünde yzymyza dolandyk; açlykdan ýaňa halys surnugypdyk.
Bu wakadan gözi gorkan hojaýynymyz indiden beýläk seresap bolmagy ýüregine düwdi. Ol biziň iňlis gämimizden olja alan barkasyna arkaýynlanyp, gaýdyp kompassyz, azyk-suwluksyz balyk tutmaga çykmazlygy kada edindi. Onsoň hojaýyn öz iňlis guluna — gämi ussasyna barkasyň ortaky bölegine, edil baržadaky ýaly, kiçeňräk rubka ýa-da kaýuta gurmagy buýurdy; rubkanyň arkasynda ruly dolandyryp, grot-ştogy öwrer ýaly bir adamlyk ýer, öň tarapda bolsa, birki sany deňizçi durup, ýelkenleri dakyp-ýygnar ýaly ýerjagaz bolmalydy. Barkas üç burç ýelken bilen ýüzýärdi. Kaýutanyň üçeginiň üstünden bon-germew geçýärdi. Kaýuta pessejikden gelen örän jana ýakymlydy; kapitanyň gapdaly bilen birki sany gul ýataýanda-da sygyp biljekdi; jana-şypa içgili çüýşeleri, çörek, tüwi we kofe salar ýaly şkafjyklar hem-de nahar stoly ýerbe-ýer durdy.
Biz şol barkas bilen ýygy-ýygydan balyk tutmaga gidýärdik; balyk awlamagyň mazaly abyny-tabyny alamsoň, hojaýyn hiç haçan meni ýanyndan aýyrmaýardy. Bir gün ol gezelenç üçinmi, balyk üçinmi, garaz şol jelegaýlaryň birki sany abraýly

mawry bilen bilelikde barkasly deňze çykarman boldy. Şonuň üçin, ol hemişekiden has köp iýip-içgini agşam düşenden barkasa iberdi. Maňa bolsa gämidäki üç sany tüpeňi däridir seçmesini taýýar edip goýmagy buýurdy. Çakym, olar balygyň gapdaly bilen deňiz guşlarynyň şikaryna-da çykmakçydylar.

Men bar zady edil onuň aýdyşy ýaly taýýarladym-da, ertesi gün irden ýuwlup-ardylyp, baýdagy we şkentelleri galdyrylan, myhmanlar üçin guşuň süýdüne çenli getirilen barkasda garaşmaga başladym. Ýöne hojaýynyň ýeke özi geldi-de, myhmanlaryň gyssagly iş-aladalary çykyp, gezelenje gitmegi goýbolsun edendiklerini aýtdy. Onsoň ol maňa öz garyndaşy bilen bir oglanjygy alyp, hemişeki bolşy ýaly, barkasly gidip, birnemejik balyk tutup getirmegi buýurdy. Çünki, dostlary «agşam şamlyk edinmäge geleris» diýen ekenler. Hojaýyn çeňňegimize balyk düşen badyna, haýal etmän öýüne eltmegi tabşyrdy, men muňa doly taýýardym.

Şol pursat erkinlige gaçyp çykmak baradaky öňki hyýallarym ýyldyrym çakan ýaly aňymdan geçdi. Indi ygtyýarymda kiçeňräjik gämi bardy ahyryn, hojaýyn gidensoň, men balyk awlamaga däl-de, deňiz syýahatyna gitmäge şaýlanyp başladym; ýogsa, ruly haýsy tarapa öwürmelidigi hakda bilýän zadym ýokdy, asla oňa pitiwa hem etmeýärdim — şu ýerden tizräk arany açsam bolýardy.

Meniň ilkinji hilegärligim mawra al salyp, ony gämiden iýip-içere odujak-budujak äkelmäge yrmak boldy. Oňa hojaýynyň näz-nygmatlaryny iýmäge hakymyzyň ýokdugyny düşündirdim. Mawr bu gürrüňe «hä» diýip, uly bir sebedi dolduraga-da, guradylan külçe hem-de üç küýzäni püre-pürläp süýji suw alyp geldi. Hojaýynyň çüýşeli sandygy nirede goýýandygyny bilýärdim, çüýşeleriň iňlislerden olja alnandygy ýüzündäki ýazgylaryndan görnüp durdy. Mawr kenarda gybyrdyklap ýören çagy, hamana diýersiň, hojaýyn üçin taýýarlaýan ýaly edäge-de, olaryň barysyny barkasa geçirdim. Mundan başga-da, agramy elli funt çemesi tokga ary mumy diýermiň, bir ýumak kendir sapak, palta, byçgydyr çekiç diýermiň, tapan-tupanymy barkasa daşadym. Olaryň barysy, esasan hem, mum soň bize şem ýasamaga hezil berdi. Men mawryň başyny-gözüni aýlap, oňa ýene-de bir sapalak atdym welin, sada bende muňa-da güp ynandy oturyberdi. Onuň ady Ysmaýyldy, oňa Muli ýa-da Moli diýip ýüz tutýardylar. Menem oňa şeýle ýüzlendim:

— Moli, hojaýynyň tüpeňleri barkasda dur. Sen gämiden az-owlak däri bilen seçme getirip bilmersiňmi? Belkem, özümiz garbanar ýaly iküç sany alkami (çuluga meňzeş guş) awlarys, hojaýynyň därini gäminiň niresinde saklaýanyny özüm bilýän.

Ol:

— Şeý diýsene, häzir alaýarys — diýip, jogap berdi-de, az salymdan biri, bolmady diýeniňde, bir ýarym funt däriden, beýlekisi bolsa bäş-alty funt çemesi seçmeden, okdan doly iki sany äpet meşigi süýräp getiräýdi. Meşikleriň ikisinem ur-tut barkasa basdyk. Onuň üstesine hojaýynyň uly kaýutasyndanam ýene birnemejik däri tapdym. Düýbi görnüp ugran ullakan bir çüşýedäki çakyry başga bir çüşýä syrykdyryp boşatdym-da, ýaňky därini şoňa guýdum. Şeýlelikde ähli gerek-ýaragymyzy guratlap, biz «niredesiň, balyk» diýip deňiz portundan saýlandyk. Portuň çykalgasynda ýerleşýän galadakylar kimdigimizi bilýärdiler, onsoň olar bize onçakly ünsem berip durmadylar; biz bolsak portdan bir mil töweregi daşlaşdyk-da, ýelkenimizi ýygnap,

balyk tutmagyň ugruna çykdyk. Şemal isleýşim ýaly däl-de, demirgazykdan, demirgazyk-gündogardan öwüsýärdi. Eger ol günorta tarapdan öwüsýän bolsady, onda men hökman Ispaniýanyň kenarýakasyna, juda bolmanda, Kadis buhtasyna çenli baryp ýeterdim; emma, şemal nirä öwüsäýende hem, barybir belli-külli netijä gelipdim: şu elhenç ýerden başymy gutarmalydym, galany hem pelegiň işidi.

Birsellem balyk tutjak bolup sermensegem, çolpymyza ilen zat bolmady, sebäbi men balyk düşen wagty, mawr görmesin diýip, çeňňegi çekmeýärdim. Ahyryn men oňa:

— «Bu-la boljak däl; iki elimizi burnumyza sokup barsak, hojaýyn ýüzümizden sypamaz. Hol beýleräklere aýlanyp görsek niçik bolar-ka?» — diýip ýüzlendim. Mawr birjik-de güman etmän ylalaşdy-da, barkasyň burnunda oturansoň, ýelkenleri pasyrdadyp açdy. Men bolsam şturwalyň başyna geçip, barkasy ýene-de üç mil çemesi ýüzdürip äkidip, hamala diýersiň, balyk tutjak kişi bolup saklandym. Onsoň, şturwaly oglanjyga tutduryp, mawra tarap ýöredim. Onuň arkasynda bir zat gözlänsirän bolup aşak egildim-de, sen-men ýok ýaňkyň bilinden gujaklaga-da, bortdan aşyryp, deňze oklap goýberdim. Ol balyk ýaly gowy ýüzüp bilýändigi üçin derrew zompuldap suwuň ýüzüne çykdy-da, uly ili bilen:

— Yzyňa düşüp, dünýäň ol ujuna gitmelem bolsa, gideýin, gaýyga mündürseň bolýa — diýip, ýalbaryp başlady. Deňiz asuda bolansoň, mawr şeýle bir gaty ýüzdi welin, tas barkasyň yzyndan ýetipdi. Şol wagt men kaýuta girip, aw tüpeňleriň birini aldym-da, oňa çenedim. Şu wagta çenli menden garaw görmändigini, eger-de maňa azar bermese, onda oňa zeper ýetirmejegimi aýtdym.

— Sen kenara deňiç emgenmän ýüzüp bilersiň, — diýip, men sözümi dowam etdim. — Deňiz asuda, kenara bakan haýda-da ýüzüber, meniň seniň bilen işim ýok; ýöne gaýyga golaý geläýseň welin, edil kelläňi hoňkardaryn, sebäbi erkinlige çykmagy ýüregime berk düwendirin». Şondan soň ol kenara tarap öwrüldi-de, ýüzmäge başlady, onuň gury ýere arkaýyn baryp ýetenine gözüm ýetip dur, çünki ol edil guwwas ýaly ýüzýärdi.

Oglanjygy deňze oklap, mawry alyp galsam hem bolardy, emma onuň ýüpüniň üstünde odun goýup boljak däldi. Mawr gidensoň, men Ksuri diýilýän oglanjyga tarap öwrülip:

— «Ksuri! Eger-de maňa wepaly bolsaň, men seni uly adam edip ýetişdirerin, ýöne aldamajakdygyň alamaty hökmünde elleriňi ýüzüňe sylmasaň (ýagny, Muhammet pygamberiň we kakasynyň ady bilen ant içmeseň), senem deňze zyňyp goýbererin» — diýdim. Oglanjyk ýüzüme dikanlap, ýylgyrdy-da, türkana gepläp, özünden betgüman bolup bilmejekdigimi aýtdy. Ol maňa wepadar bolmaga we meň bilen ýeriň ol ujuna çenli gitjekdigine ähdi-peýman etdi.

Ýüzüp barýan mawr şindi gözden ýitmändigi üçin, men barkasy bilgeşleýin ýeliň ugry boýunça göni açyk deňze tarap gönükdirdim, sebäbi bizi Gibraltar bogazyna bakan gidendiris öýtjekdiler (hakykatdan hem, akyly-huşy ýerindäki adam hut şeýle pikir etjekdi). Günorta, tüýs wagşylaryň mesgenine tarap ýüzeris diýip, kimiň kellesine geler diýsene, ol ýerdäki süri-süri hebeşileriň gaýyklary bilen daşymyzy gabap, ikimizem çişe düzjegi ikuçsyzdy. Kenarýaka golaýlaşdygyň, ýa-ha wagşy

ýyrtyjylara şam bolmalydy ýa-da olardan bäş beter ýabany adamlaryň girisine düşmelidi.
Emma, agşam düşüp, iňrik garalyp başlansoň, kenaryň gyrasyny syryp gitmek maksady bilen men kursumy üýtgetdim we göni günorta tarap öwrülip, az-kem gündogara bakan gyşardym. Güýçli ýel öwsüp, deňzem asuda, endigan bolansoň, biz ep-esli ýol geçdik. Çakym çak bolsa, ertesi gün öýlänler sagat üçde ilkinji gezek gury ýere baryp ýetenimizde, biz Sale şäherinden ýüz elli mil töweregi günortadadyk, Marokko hökümdarynyň ýurdundan, hatda şol ýerdäki islendik ýurduň çäginden geçip gidipdiris, sebäbi daş-töwerekde adam-gara göze ilmeýärdi.
Emma men mawrlardan we olaryň eline düşmek baradaky aýylganç pikirlerden şeýle bir elheder edýärdim welin, ne-hä barkasy togtadyp, ne kenara çykyp, ne-de labyr taşlap bilýärdim. Ugurdaş şemal üznüksiz öwsüp duransoň, men şol bolşuma bäş günläp ýüzdüm. Şondan soň şemal günortalygyna tarap ugruny üýtgetdi; «yzymdan gämiler kowup gaýdan hem bolsa, indi olaram kowgyny bes ederçe bolandyr» diýen netijä gelip, men ahyrsoňy kenarýaka ýanaşmaga ýürek edip, haýsydyr bir derýajygyň aýagynda labyr taşladym. Bu ýeriň nä jüredigini, niredigini, haýsy giňişlikde ýerleşýändigini, haýsy ýurda, haýsy halka degişlidigini ýa-da haýsy derýadygyny düýbünden bilmeýärdim. Töwerek-daşda janly-jemende göze ilmeýärdi, aslynda göresimem gelip baranokdy; bize iň esasy gerek zat süýji suwdy. Bu derýajyga gelenimizde agşam düşüpdi, biz «garaňky gatlyşan badyna kenara ýüzüp çykaly we töwerek-daşy elekden geçireli» edişdik. Ýöne mazaly garaňky düşensoň, kenardan näteňet zatdygy näbelli jandarlaryň bögürişip, arryldaşyp, uwlaşyp çykarýan şeýle bir elhenç, çirkin seslerini eşiitdik welin, depe saçymyz syh-syh boldy. Ýanymdaky oglanjygyň gorkudan ýaňa tas zähresi ýarylypdy. Ol meni gün dogýança kenara goýbermejek bolup, zagyrdyklap başlady.
— «Ýeri bolýa-da, Ksuri, — diýip, men seslendim. — Beýle bolsa gitmerin, ýöne gündiz gitsek, bizi adamlaryň görmegi ahmal, şolaram biziň üçin şir-peleňden pes ýagy bolmaz».
— «Biz olary tüpeň bilen tarkyldadyp atarys welin, — diýip, Ksuri jykyrdap güldi, — olar zut gaçarlar». Ksuri gullaryň arasynda şunuň ýalyrak çalgyrtlap iňlisçe geplemäni öwrenipdi. Oglanjygyň beýle şadyýandygyna keýpim göterilip, has hem göwnüni açar ýaly oňa (hojaýynyň çüýşelerinden) bir bulgurjyk içgi hödürledim. Aslynda, Ksuriniň maslahatynyň jany bardy, onsoň menem şoňa eýerdim. Biz çaklaňja labyrymyzy suwa okladyk-da, uzakly gije jyňkymyzy çykarman ýatyberdik, ýöne gözüňe uky dagyn giräýse nädersiň; ýatanymyzdan ýaňy bir iküç sagat geçse geçendir-dä, birden kenardaky gumaşakda her tüýsli mähnet-mähnet jandarlar (olara näme diýip at berjegiň hem belli däldi) gözümize kaklyşdy. Olar deňziň gyrasyna gele-gelmäşe, ala-pažžyldy bolşup, özlerini suwa urdular-da, şalpyldaşyp, sergin suwda hezil edinip agynaşyp ugradylar, üstesine-de şeýle bir myrtar, çirkin ses bilen uwlaşyp, eňreşýärdiler welin, heý, munuň ýaly zady men-ä ömrümde eşiden däldirin.
Muny görüp, Ksuriniň huşy başyndan göçdi, dogrymy aýtsam, meňem ýagdaýym öwerlik däldi; şol barmana, ýaňky betnyşan äteňetleriň biri barkasymyza bakan ýüzüp gaýdybermezmi, ikimiziňem takga janymyz çykaýjak boldy. Seretmäge milt edip

bilmesegem, şapyrdysyndan, burnunyň paşşyldysyndan çak edişimize görä, ol biçak daýaw, gazaply ýyrtyjy bolmalydy. Ksuri:
— «Ýolbarsdyr» diýip sazanaklady, (wah, ýolbars bolsa ne ýagşy); soňra ol «Labyry galdyryp, gaýygy kürekläp gaçaly» diýip şumjardy.
— «Ýok, Ksuri, galtganyň tanapyny gowşadyp, deňze tarap gideli; yzymyza düşüp gelesleri ýok» — diýip, men jogap berdim. Sözümi soňlap-soňlamankam, birdenkä iki kürek çemesi beýle ýanymdan ýüzüp gelýän şol nägehany saýgaryp, allaniçigsi boldum; ýöne derrew aýňalyp, kaýuta kürsäp urdum-da, tüpeňimi alyp, ýaňkyň çat maňlaýyndan güwledip goýberdim. Ol jandar ala-basga düşüp, haýdaşlap yzyna öwrüldi-de, kenara bakan şapyrdap eňdi.
Tüpeňiň sesi ýaňlanyp gidensoň, kenardan hem-de has aňyrlardan şeýle bir iniňi düýrükdirýän sesler, elhenç arryldylar, çyňsamalar gopdy welin, söz bilen aýdyp-diýer ýaly bolmady. Bu bolsa, maňa ol jandarlaryň henize-bu güne çenli tüpeň sesini eşitmändiklerini çaklamaga esas berdi. Şol hadysadan soň gije kenara çykmak barada pikir edibem oturmaly däldigine göz ýetirdim, ýöne kenarýaka gündiziň günortany barmaga töwekgellik etmegem iňkise goýýardy, sebäp diýseň ýabany adamlaryň eline düşmek gaplaňa-şire ýal bolanyňdan ibaly boljak däldi; dogrusy, biz şol howpdanam biçak eýmenýärdik.
Ýöne her niçik-de bolsa, şu ýerden ýa-da başgarak bir ýerden hökman kenara çykaýmalydyk, sebäbi barkasda ýekeje pint hem suw galmandy. Näwagt, nireräkden barmaly — ana, gep şondady. Ksuri küýzeleň birini berip kenara ugratsam, eger suw bar bolsa, tapyp getirjekdigini aýtdy. Men ondan:
— «Näme üçin men däl-de, sen gitmeli, gaýykda oturyberseň bolmaýamy?» diýip soran wagtym, oglanjyk şeýle bir ýürekdeş jogap berdi welin, tüýs göwnümden turdy:
— «Ýabany adamlar iýseler meni iýsinler, sen bolsaň, gaçyp başyňy gutar».
— «Ýeri bolýa-da, Ksuri, — diýip, men dillendim, — Ikimiz bileje ötägideris, eger ýabanylar geläýse, olary tükgerderis welin, ikimizem iýip bilmezler». Soňra men oglanjyga tamşanar ýaly bir bölek külçe berdim, ozal gürrüňini eden çüýşelije gutymdan hem içer ýaly bir bulgur çakyr hödürledim; onsoň barkasy kenaryň ýalpagrak ýerine tarap öwrüp, ýüzdürip başladyk. Ýanymyz bilen diňe ýaraglarymyzy hem-de iki sany suw küýzäni aldyk.
Ýabany adamlaryň gaýyklara münüp, derýanyň akymy bilen ýüzüp gelmeklerinden gypynç edip, barkasyň gara-görnüminden daşlaşasym gelmedi; emma kenardan bir mil çemesi aňyrda bir çöketligiň bardygy gözüne ilen Ksuri küýzeleri goltuklady-da, şol tarapa ýelk ýasady. Birhaýukdan soň görsem, ýaňky aldyrany bar ýaly maňa bakan ýüzin salyp gelýär. Yzyndan ýabanylar kowalaýandyr ýa-da bir wagşy ýyrtyja duş gelendir öýdüp, dadyna ýetişmek üçin menem oňa tarap ylgadym, ýöne oglanjyk golaýlaşan wagty, onuň egninden bir zadyň asyl-asyl bolup durandygyny saýgardym. Asyl, Ksuri towşana çalym edýän, ýöne reňki üýtgeşikden, aýaklary has uzynrak bir jandary awlapdyr ekeni. Ikimizem begenjimizden ýaňa ýyrş-ýyrş edýärdik. Onuň eti juda süýji eken; emma Ksuri görgüliniň buşlajak bolup ala-basga düşen zady başga ekeni — ol süýji suw tapypdyr, ýabany adamlara-da duş gelmändir.

Asyl, soň görüp otursak, süýji suw gözläp, onça kösenip ýörmegiň hajaty hem ýok ekeni, sebäbi derýajykdan ýokarlygyna biraz süsňäp girýän deňiz daşgyny gaýdansoň, biz barkasy duran ýerinden az-kem ýokary ýüzdürip, süýji suwuň üstünden bardyk. Şonlukda, küýzelerimizi suwdan dolduryp, hälki towşanyň etinden hezil edinip nahar-şam edindik-de, bu jelegaýlarda adam yzy gabat gelmänsoň, ýola düşmäge şaýlanyp ugradyk.
Afrikanyň kenaryna ozal bir gezek gelip göremsoň, Kanar adalary bilen Ýaşyl Burun adalarynyň kenardan onçakly uzak däldigini aýnada gören ýaly bilýärdim. Emma welin, bizde özümiziň haýsy giňişlikde ýerleşýändigimizi kesgitlär ýaly hiç hili gözegçilik esbaby ýokdy; ýa-da bar şol adalaryň haýsy giňişlikde ýerleşýändigi ýadyma düşäýende-de, olary nireden gözlejegimi ýa-da barkasy olara tarap öwürmek üçin haçan açyk deňze çykjagymy bilmeýärdim; ýogsam şol adalaryň käbirini ap-aňsat tapsa boljakdy. Ýöne bir umydym bardy, eger kenarýakany gyraklap, tä iňlisleriň söwda edýän sebitlerine ýetýänçäk ýüzüp gitsek, onda adaty söwda-satyk bilen meşgullanyp ýören käbir iňlis gämilerine duşup, olaryň bizi halas etmegi mümkindi.
Elimden geldigiçe hasaplaýşyma görä, biziň şu wagt duran kenarýakamyz Marokko hökümdarynyň ýurdy bilen hebeşiler ýurdunyň aralygynda ýerleşýän bolmalydy. Bu ýerde iňlär siňek ýokdy, wagşy ýyrtyjylar diýäýmeseň yns-jyns görünmeýärdi. Mawrlardan gorkan hebeşiler bu ýerleri taşlap, günorta bakan has alyslara göçüp gidipdirler, mawrlar bolsa, tozap ýatan bu çöl-beýewana gabak galdyrmandyrlar. Megerem, bu taýyny mesgen edinip, sürreklenişip ýören gaplaňlar, ýolbarsdyr alajagaplaňlar hem-de başga guduz ýyrtyjylar zerarly adamlar bu ýerden örküni üzen bolsa gerek. Şonuň üçinem, mawrlar bu töwereklere diňe iküç müň adam bolup, atly-ýaragly aw-şikar etmäge gelýärler ekeni. Hakykatdan-da, kenarýakadan daşlaşman ýüz mil çemesi ýüzüp giden wagtymyz, gündiz diňe boş haňlap ýatan çola ýerleri gördük, gije bolsa, diňe wagşy haýwanlaryň arryldaşyp, uwlaşýan seslerini eşidýärdik.
Gündiz wagty birki gezek Kanar adalaryndaky Tenerife dagynyň iň beýik gerşi bolan Tenerife depesi çala gözüme kaklyşan ýaly boldy. Şol tarapa sowuljak bolup, näçe jan etsemem, iki gezekde-de garşydaş öwüsýän şemal maý bermedi. Batly möwç urup, owsun atýan deňiz çaklaňja gämijigime baş bererli däldi. Ahyrsoňy men başdaky niýetimi goýbolsun etdim-de, kenaryň gapdaly bilen ýüzüberdim.
Derýajykdan gaýdalymyz bäri, süýji suw almak üçin birnäçe ýola kenara çykmaly bolduk. Bir gezek irden seleňläp duran bir burnuň ýanynda labyr taşladyk. Daşgyn ýaňy başlansoň, biz kenara golaý barmak üçin garaşyp başladyk. Gözi meňkiden has ýiti bolan Ksuri ýuwaşjadan meni çagyryp, kenardan daşlaşsak gowy boljakdygyny aýtdy:
— «Halha, seret, depede gorkunç bir ýyrtyjy arkaýyn uklap ýatyr». Onuň görkezen ýerine esewan edemde, hakykatdan-da, gorkunç bir ýyrtyja gözüm düşdi. Kenaryň ýapgydynda, üstüne abanyp duran baýry kölegeläp, äpet bir ýolbars peýwagtyna meýmiräp ýatyrdy.

— «Ksuri, bar, kenara çyk-da, ony öldür» — diýip, men aýtdym. Ksuri gözüni tegeläp:
— «Hä?! Ol meni iki üzüp bir ýalmar ahyryn!» — diýdi, (has dogrusy, diriligme ýuwdar diýjek boldy). Men başga kelam-agyz söz diýmän, oňa butnaman ýatmagy tabşyrdym-da, kalibri muşketiňkä barabar iň uly tüpeňi elime aldym. Ýeterlik däri, iki sany seçmeli peşeň salyp, ony bir gapdala söýedim. Soňra ikinji tüpeňe iki sany ok saldym. Üçünjisine bolsa (bizde üç sany tüpeň bardy), bäş sany ownuk gülle saldym. Birinji tüpeňi ýolbarsyň kellesinden gowy nyşanaladym-da, mäşäni gysdym; ýöne ol penjesi bilen tumşugyny ýapyp ýatansoň, oklar onuň dyzyna degdi-de, süňküni kül-owram etdi. Ýolbars tarsa turup bir zowlatdy welin, ýer sarsyp gitdi, ýöne aýagy döwlensoň, şalkyldap ýere ýazyldy; onsoň ol hasanaklap, ýene üç aýagynyň üstüne galaga-da, şeýle bir eýmenç arlady welin, heý, zadyň çaky bolmady. Kellesinden degrip bilmedigime biraz aljyran hem bolsam, men hasyr-husur ikinji tüpeňe ýapyşdym-da, ýegdekläp gaçyp ugran ýolbarsy bu gezek kellesinden çüýledim. Ol tüwdürilip gitdi-de, çalaja hyňranyp bir ýaňa gyşardy we urunmaga başlady. Muny görüp, men göwnühoş boldum. Şonda Ksuri birneme dogumlanyp, kenara çykarman boldy. Men «Bolýar, gidiber» diýdim. Oglanjyk suwa bökdi-de, bir elinde kiçi tüpeňi saklap, beýleki eli bilen kenara bakan ýüzüp gitdi. Ol ýyrtyjynyň ýanyna baryp, tüpeňiň nilini onuň gulagyna tutaga-da, gümpüldedip atyp goýberdi welin, ýolbars janawer ümsüm süýnäýdi.
Ýolbarsyň aw kemi ýok ekeni, ýöne etini iýip boljak däldi. Üç atymlyk därini zaýalanyma gaty haýpym geldi, ýolbarsy atmagym telek iş bolupdy. Ýöne, Ksuri welin geregini edinmän goýjak däldi; barkasa gaýdyp gelen wagtymyz ol menden palta sorady.
— «O nämä derkar boldy?» — diýen mahalym, oglanjyk:
— «Kellesini çapjak» — diýip, jogap gaýtardy. Ýöne, Ksuri ýolbarsyň kellesi eýgertmänsoň, onuň bir penjesini çapyp, ýany bilen äkeldi. Penje biçak uly ekeni.
Şol iki arada, men ýolbars derisiniň irde-giçde derdimize ýaramagynyň mümkindigi barada pikir öwrüp, eger başaryp bilsem, ony ýüzüp almaly diýen netijä geldim. Onsoň Ksuri ikimiz ýolbarsyň daşyna geçdik. Deri ýüzmekden kän bir başym çykmansoň, Ksuri maňa garanyňda juda ökde bolup çykdy. Ol iş uzakly günümizi aldy, emma ahyrsoňy derini sypyryp aldyk-da, kaýutanyň üstüne ýazyp goýduk. Ol iki günüň içinde mazalyja guransoň, men derini üstünde ýatmak üçin özüme düşek edindim.

## III BAP

Şol aýak çekenimizden soň, kemele-kemele paýawlap barýan azyk-suwlugymyzy biçak tygşytly tutup, on-on iki günläp günortalygyna sary ýüzüp gitdik. Kenara diňe süýji suwdan ýükümizi tutmak üçin ýanaşýardyk. Meniň matlabym Gambiýa derýasyna ýa-da Senegala, has dogrusy Ýaşyl Burnuň golaý-goltumyna nirädir bir ýerlere baryp ýetmekdi, şo taýda haýsy-da bolsa bir ýewropaly gämä duşarys diýen tamam bardy. Eger bu niýetim paşmasa, onda haýsy kurs bilen ýüzjegimiz belli däldi:

ýa-ha adalary agtaryp ýörmelidik, ýa-da şol ýerde hebeşileriň arasynda ardurja heläk bolup gitmelidik. Gwineýanyň kenarýakasyna, Braziliýa ýa-da Ost-Hindistan adalaryna tarap ümzük atyp barýan ýewropaly gämileriň şu burna, ýa-da onuň adalaryna degip geçýändigini bilýärdim. Mahlasy, tutuş ykbalymy şol adajyklara baglapdym, haýsydyr bir gämä duş gelseg-ä gelenimiz, ýogsam işimiz pyrrykdy.
Aýdyşym ýaly şol niýet bilen ýene on günläp ot-elek bolup gezenimizden soň, kenarýakada adam ýaşaýandygy gözümize ilip başlady; ýüzüp barşymyza iküç ýerde dagyn kenarda hümerlenişip, bize seredişýän adamlary gördük. Olaryň çyp-ýalaňaç tenininiň hüýt-garadygyny saýgaryp bilýärdik. Bir gezek men olaryň ýanyna kenara galtaşmakçy boldum, ýöne düşbüje geňeşçim Ksuri muny unaman «Ýok, beýtme» diýip seslendi. Emma barybir olar bilen söz alyşmak üçin barkasy kenara bakan gönükdirdim, ýabanylaram kenaryň ýakasyny syryp, som-saýak bolşup, deňimize ylgaşyp ugradylar. Olaryň ýaragsyzdygyna gözüm düşdi, diňe bir hebeşi elindäki uzyn, inçe taýagy somlap durdy. Ksuri onuň naýzadygyny, hebeşileriň ony gaty uzak aralyga biçak mergenlik bilen zyňyp bilýändigini gürrüň berdi; şonuň üçinem barkasy olardan sowarak sakladym-da, başardygymdan ümläp, elimi-golumy bulaýlap, gep-üýn alyşmakçy boldum, esasan hem, iýip-içmäge zat soraýandygymy düşündirjek bolup, gara-görgä batdym. Ýabanylaram ýerli-ýerden walalaýlaşyp, gaýygymy duruzmagymy, onsoň birneme et getirjekdiklerini düşündirjek bolup, oda-köze düşdüler. Men şolbada ýelkeni ýygnap, barkasy doly togtadan dessime, ýaňky zaluwatlaň iki sanysy aňyrlygyna loňkuldap, ýüwrüp gitdi-de, ýarym sagat geçip-geçmänkä iki bölek kakadylan et bilen şol jelegaýlaryň önümine çalym edýän birki gadak däne getirdi. Nämäň etidigini, nätüýsli dänedigini aňşyryp bilmesegem, garaz, biz olary alarman bolduk. Emma nädip aljakdygymyz barada welin, birsellem kelle döwdük, sebäp diýseň, ýürek edip olaryň ýanyna kenara erňekläbä boljak däldi, ýabanylaram sähel zada tebil tapyp, ökjäni götärli görünýärdi. Ahyryn, olaryň özi hemmämiz üçin howpsuz çykalga tapdy oturyberdi. Hebeşiler dänedir eti kenaryň ýakasynda goýaga-da, hol beýläk çekilip, heşerlenişip garaşmaga durdular. Biz azyklary barkasa alyp gaýdanymyzdan soň, olar ýene-de golaýa geldiler.
Deregine bermäge zadymyz bolmansoň, her tüýsli el yşaratlary bilen biz öz minnetdarlygymyzy mälim etdik. Emma olaryň eden ýagşylygyny ýerine salar ýaly dek şol pursadyň özünde bir mümkinçilik döredi duruberdi. Entek labyr taşlap, kenarda durkak, birden dag tarapdan iki sany mähnet jandar biri-birininiň söbügini sydyrdyp, gazaply wagyrdaşyp, deňze bakan ok ýaly atylyp gaýtdy. Bolup gelişlerinden çen tutup, erkegi urkaçysyny kowalaýarmy, oýun-henek edişýärlermi, ýa-da bir zada gaharlary geldimi, garaz, aňşyryp bilmedik. Adaty zatmy, ýa-da geň-enaýy wakamy, pylan diýsem ýalançy. Ýöne, göwnüme bolmasa, bu seýrek duş gelýän hadysa bolmalydy, çünki, ilki bilen-ä, bu zeýilli aç selpäp ýören ýyrtyjylar çendanýarym bolaýmasa diňe gije-girim awa çykýarlar, galyberse-de, biz ýabanylaryň, esasan hem, aýal-ebtatlaryň nähili haýygandygyny görüp durduk ahyryn. Ýaňky üýşüp duran mähelläniň hälki eli naýzaly pyýadadan galany, edil sülgüniň jüýjesi ýaly, saga-sola dyr-pytrak boldy. Emma ýyrtyjylar hebeşilere topuljagam bolman, ýüzugra şapyrdaşyp, suwa özlerini urdular. Bir görsem, olaryň

biri ilki çaklanymdan has çakgan hereket edip, barkasy alkymlap ýüzmäge çemeleşiberdi. Onsoň menem ahmal galmazlyk üçin, hasyr-husur tüpeňe ok salyp, häzirlendim, Ksurä-de beýleki iki tüpeňi hem oklamagy buýurdym. Ok atym aralyga mazalyja gelendir Alla diýägede, men ýaňkyny kellesinden jaýdar tüpeňledim welin, ol suwuň düýbüne sumat boldy-da, birdenem zompa ýokaryk çykyp, janhowluna çümüp-çykyp, kenara bakan ýöneldi. Emma ölüm howply ýarasy bilen deňiz suwunyň arasynda aldym-berdime düşen ol ýyrtyjy haýwan kenara çenli ýetip bilmän jan berdi.

Tüpeňimiň gümpüldisini, hem-de çabrap giden ýalyny görüp, ýabany görgülileriň nähili aňk-taňk bolandyklaryny söz bilen beýan etmek mümkin däl: hatda olaryň käbiri gorkudan ýaňa ölere gezek gelip, haýýady göçüp, duran ýerinden özüni palça ýere goýberip, ýykyldy ýatyberdi. Ýöne, ýyrtyjynyň ölüp, suwa çümüp gidenini görensoňlar, menem yşarat bilen «Kenara geliň» diýip duramsoň, ýabany adamlar biraz ekezlenip, kenarýaka geldiler-de, ýaňky ýyrtyjyny agtarmaga başladylar. Men ony suwdaky ganly tegmiltden çen urup tapdym-da, daşyndan tanap iltäp, tanapyň beýleki ujuny hem hebeşilere tarap okladym. Olar ur-tut ýyrtyjyny suwdan süýräp çykardylar. Ol jandar endamy menek-menek, seredip doýup bolmaýan uçursyz owadan, näçe diýseň taryplap oturmaly bir alajagaplaň bolup çykdy. Hebeşiler ony näme bilen öldürendigime haýranlar galyp, gollaryny göge göterdiler.

Tüpeňiň sesinden hem-de ýalpyldap giden otdan ürken beýleki ýyrtyjy bolsa onýança kenara ýumlugyp, yzyna garaman, gaçyp ummadan çykypdyr eken; onça aralykdan onuň nä tetelli jandardygyny saýgaryp bilmän galdym. Şol ikiarada hebeşileriň alajagaplaňyň etini iýmekçi bolup, elewreşip ýörenleri gözüme kaklyşdy, onsoň men ony taňryýalkasyn hökmünde peşgeş etmegi netläp, «alyberiň» diýen terzde elim galgadan mahalym, muňa monça boldular. Olar mähetdel etmän alajagaplaňyň daşyna geçdiler. Pyçaklary bolmasa-da, ujy ýiteldilen bir agaç bölegi bilen şakur-şukur edip, onuň derisini şeýle bir tiz sypyrdylar welin, pyçakly bolsagam, biz beýle çalt işläp biljek däldik. Olar etiň bir ülüşini maňa hödürlediler, ýöne ony olaryň özüne beryändigimi düşündirip, hezzetden ýüz öwürdim. Derini aljak bolup, elimi-golumy bulaýlaşdyrdym weli, hebeşiler ony elleriniň ugruna barkasa tarap oklap goýberdiler. Ondan başga-da, olar hälki azyk-owkatdan ýene-de münder-münder edip äkeldiler, nähili iýmitdigine düşünip bilmesem-de, men ony kabul edip aldym. Soňra men ümläp, olardan suw soradym. Küýzeleň birini uzadyp, başaşak tutdum-da, içiniň boşdugyny görkezip, süýji suwdan dolduryp bermeklerini towakga etdim. Olar des-salymyň özünde kowumdaşlaryna bir zatlar diýip gygyrdylar. Az salymdan, iki sany aýal toýundan ýasalyp, çakymça, güne bişirilen bir äpet hum alyp geldi-de hälki ýaly edip kenarda goýdy. Men küýzeleri Ksuriniň eline tutduryp, kenara iberip, üçüsinem püre-pürletdim. Ol aýallaram edil erkekler ýaly ýalaňaç ekeni.

Biz däne diýermiň, kösük diýermiň, süýji suw diýermiň, garaz, barkasymyzy mas ýükläp, hoşniýetli hebeşiler bilen hoşlaşdyk-da, ýene-de on bir günläp diňe öňe bakan ýüzüp gitdik. Kenara ýakynlaşman gidip barşymyza, ahyrsoňy, dört-bäş liga çemesi öňde deňziň içine ep-esli süsňäp giryän bir çägesöw dilkawa gözüm düşdi. Deňiz örän asuda bolansoň, şol ýerden sowa geçmek üçin kenardan ep-esli böwür berip

ýüzdük. Guryýerden iki liga çemesi aradaşlyk saklap, şol dilkawyň duşundan ötüp barýarkak, men deňiz tarapda ýene-de bir guryýer böleginiň bardygyny aýyl-saýyl gördüm. Şondan soň men dilkawyň Ýaşyl Burundygy, gabat-garşydaky guryýer zolagynyň bolsa, Ýaşyl Burun adalarydygy barada belli-külli netijä geldim. Emma, olaryň ikisi hem ep-esli aradaşlykda bolansoň, nädenimde gowy boljagyny bilmän, halys başym çaşdy. Sebäbi, eger batly öwüsýän şemalyň ýelginine düşäýsem, onda burna-da, adalara-da baryp biljegim gümanady.
Men ikigöwünli halda oýa batyp, kaýuta girip, bir salym dyzymy epdim. Şol barmana ruly dolandyryp duran Ksuri birdenkä jynssyz gygyryp başlady:
— «Hojaýyn gelýä, hojaýyn! Ýelkenli gämi!»
Akmajyk oglan ony hojaýynyň yzymyzdan kowga iberen gämisidir öýdüp, gorkusyndan ýaňa girere deşik tapmaýardy, emma men mawrlaryň aýtymyndan örän alyslara gidenimizi bäş barmagym ýaly bilip durdum. Onsoň ýerimden laňňa galyp, kaýutadan atylyp çykyp, şolbada gämini gördüm, hatda onuň portugal gämisidigini hem tanadym. Düşünişimçe, ol hebeşi gul söwdasyna Gwineýanyň kenarýakasyna sary barýan bolmalydy. Ýöne, ýüzüp barýan kursuny gören wagtym, gäminiň ümzüginiň başga ýaňadygyna hem-de kenara golaýlaşmak niýetiniň ýokdugyna magat göz ýetirdim. Onsoň mümkin bolsa, gämidäkilere habar gatmak niýeti bilen barkasy açyk deňze bakan öwürdim.
Bar ýelkenlerimizi pasyrdadyp barşymyza, men gämi bilen ýolumyzyň galtaşyp bilmejegini, yşarat signalyny berinçäk, onuň gözden gaýyp boljakdygyny basym aňladym; biz aralygy iň soňky hetdinde ýygryp, aňrybaş tizlik bilen dazlap barýan-da bolsak, men eýýäm umydymy üzeňkirläp ugrapdym. Şol pursatda gämidäkiler dürbi bilen barkasy görüp, ony haýsydyr bir heläk bolan ýewropaly gämiden aman galan gaýykdyr diýip çaklan bolarly, olar yzlaryndan ýetmegimiz üçin dessine ýelkenlerini peseltmäge girişdiler. Men şatlygym gursagyma sygman, hojaýynyň bortda duran gämi baýdagyny ikiýana bulaýlap, heläkçilige uçrandygymyz barada yşarat signalyny berdim. Ahmal galmajak bolup, gümpüldedip asmana tüpeňem atdym. Gämiden signallaryň ikisinem görüpdirler, sebäbi tüpeňiň sesini eşitmeselerem, tüssesini görendiklerini soň gürrüň berdiler. Hernä, şondan soň gämi dreýfe geçip, daýandy-da, bize garaşyp başlady. Üç sagat çemesi wagt geçensoň, biziň barkasymyz gämä gapdallap bardy.
Deňizçiler portugalça, ispança we fransuzça ýüzlenip, kimdigimi soradylar, emma ol dilleriň hiç birine hem düşünmedim. Ahyryn bortda duran bir şotland deňizçi maňa iňlisçeläp gygyrdy. Men oňa jogap berip, özümiň iňlisdigimi, Sale şäherindäki mawrlaryň gulçulygyndan gaçyp gaýdandygymy aýtdym, onsoň olar göwnaçyklyk bilen bizi gämä münmäge çagyrdylar. Bizem salymyny bermän, goş-kötellerimiz bilen gämä aýak basdyk.
Şunlukda şeýle keçmaňlaý, bialaç ýagdaýdan aman-esen başymy gutaranyma begenjimden ýaňa guş bolup uçaýjak bolşum öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Özümi halas edendigine sylag hökmünde men şolbada golda barymy gäminiň kapitanyna hödürledim, emma ol jomartlyk bilen menden hiç zat tamakin däldigini,

gaýtam, Braziliýa baran wagtymyz ähli goş-golamlarymy başybitin yzyna alyp biljekdigimi aýtdy. Soňra ol şeýleräk gürrüň bermäge durdy:

— «Men seniň janyňy diňe ýeke zat üçin halas etdim, sebäbi özüme-de şeýle edilmegini islärdim. Iru-giç şunuň ýaly ýagdaýa uçrap biljegim welin gümana däl. Ýogsa-da, öz ýurduňdan şonça alys ýere, Braziliýa eltip, baryňy-ýoguňy eliňden süpläp alaýsam, sen o taýda açlykdan ölüp gidersiň. Ýeri, onsoň janyňy halas edenimiň näme haýry bolar?! Ýok, ýok, senýor Ingleze (Jenap Iňlis), men seni Braziliýa çenli mugt äkitjek, goş-golamlaryň bolsa, o ýerde günemaňy dolamaga hem-de öz ýurduňa gaýtmaga ýeter ýaly harç edineriňe ýapyşalga bolar».

Kapitan teklibinde jomart bolşy deýin, özüni alyp barşynda-da edil çöp döwen ýalydy. Ol deňizçilere meniň ýeke goşuma-da degmezligi buýruk berdi, soňra bolsa, ähli zatlarymy öz gözegçiligine geçirtdi-de, olaryň jikme-jik sanawyny ýazyp, elime tutdurdy. Olary, hatda üç sany toýun küýzämi hem islän wagtym yzyna alyp biljekdigimi aýtdy.

Barkasym barada aýtsam, ol birkemsiz ajaýyp gaýykdy, muny bilip duran kapitan ony öz gämisine satyn almakçy bolup, näçe nyrh kesýändigimi sorady. Men oňa ähli babatda örän jomartlyk edendigini, şondan ötri barkasa nyrh kesip oturman, şol durşuna berjekdigimi aýtdym. Şol wagt kapitan Braziliýa baranymyzdan soň barkas üçin segsen piastr tölejekdigi barada dilhat berip, eger ol ýerde gala baha beren adam tapylsa, onda şondanam köp pul teklip etjekdigini duýdurdy. Mundan başga-da, ol Ksuri üçin altmyş piastr hödürledi. Ony kapitana bermäge ýaýdanýandygym üçin däl-de, eýsem müşgil wagtymda maňa wepadarlyk bilen hyzmat eden biçäräniň erkinligini pula satmaga ynsabym çatmansoň, tylla teňňeleri almaga elim barmady. Men bu pikirimi aýdan wagtym, kapitan onuň adalatlydygyny kabul edip, başgaça teklip bilen ýüzlendi. Kapitan eger oglanjyk hristian dinine girse, on ýyl geçensoň, ony gulçulykdan azat etjekdigi barada ähtnama bermegi teklip etdi. Muny eşidip, Ksuriniň özi hem kapitan bilen gitmäge göwnänsoň, men ony berip goýberdim.

Biziň Braziliýa çenli ýüzüşimiz örän asuda geçdi, ýigrimi iki gün diýlende Todos-los-Santos ýa-da Ähli Keramatlylar buhtasyna baryp düşledik. Şeýlelikde, men pelegiň iňňän külpetli ýene bir ahwalatyndan janymy gutardym. Indi bolsa, näme edip, näme işlejegimiň gamyny iýmelidim.

Kapitanyň maňa eden ýagşylygyny hiç wagt ýadymdan çykarmaryn. Ol gämä mündüreni üçin hiç hili hak-heşdek soramady, gaýygymdaky alajagaplaň derisi üçin ýigrimi, ýolbars derisi üçin bolsa, kyrk dukat töledi, gämidäki ähli goşlarymy gylyny gymyldatman gaýtaryp berdi, sataýjak zatlarymy — çüýşeli gutulary, iki sany tüpeňimi hem-de şem ýasalman galan bir tokga mumy satyn aldy. Şonlukda, men goşlarymdan iki ýüz ýigrimi dukat gazandym, şol baýlygym bilenem Braziliýanyň kenaryna aýak basdym.

Şondan köp wagt geçmänkä kapitan meni özi ýaly akýürekli bir dostunyň öýüne äkitdi, onuň ingeniosy, ýagny plantasiýasy we şeker öndürýän kärhanasy bar eken. Men onuň ýanynda esli wagt ýaşap, şekerçiňrigiň ekilişi we şeker önümçiligi bilen tanyşdym. Men plantatorlaryň nähili barjamly ýaşaýandygyny, nädip tiz gurplanýandygyny göremsoň, şol ýerde ymykly ýurt tutunmak üçin ygtyýarnama

edinip, plantator bolmagy ýüregime düwdüm. Şol bir wagtyň özünde hem, Londonda goýup gaýdan pulumy almagyň alajyny agtaryp başladym. Şol maksat bilen, raýatlyk rugsatnamasyny alanymdan soň, barja pulumy döküp, ýetdiginden tarp ýer satyn aldym-da, Angliýadan gelmeli pulumdan çen tutup, plantasiýam hem-de çaklaňja mülküm üçin meýilnama düzdüm.
Meniň Wells atly ene-atasy iňlis, ýöne asly Lissabonly bir portugal goňşym bardy. Ol hem edil meniňki ýaly şertlerde ýaşaýardy. Oňa goňşym diýmegimiň sebäbi, onuň plantasiýasy meňki bilen duldegşirdi. Biz örän gowy görüşýärdik. Ikimiziňem dolanyşyk maýamyz öwerlik däldi; iki ýyllap diýen ýaly, plantasiýalarymyzdan diňe aňry-bäri ölmez-ödi hasyl aldyk. Emma, dura-bara toprak meseldigiçe, biziňem ýagyrnymyza ýel çalyp ugrady; onsoň üçülenji ýyl plantasiýalaryň bir bölegine temmäki ekdik, galan ep-esli bölegini bolsa, indiki ýyl şekerçiňrik eker ýaly, sürdük-de şüdügäre goýduk. Biziň ikimize-de kömekçi zerurdy, men Ksurini satyp, öte ýalňyşandygyma indi anyk göz ýetiripdim.
Wah, edenim bar bola! Düýäň üstünde it ýarar diýlişi ýaly, ýyldyza ýörän ýaly bolup ýörmek indi meni kän bir geň galdyryp hem durmaýardy. Indi öz başymy çaramakdan başga uç galmandy. Daş ýarýan zehinime kybap gelmeýän, hem-de arzuw edýän eşretli ýaşaýşyma görnetin gapma-garşy bu hor-homsy gara zähmeti öz gerdenim bilenjik çekmeli boldum. Aslynda welin, şol ýaşaýyşa imrigip, kakamyň öýünden gaçyp, onuň ähli ýagşy pentlerini ýere çalypdym. Hakykatda, kakamyň maslahat berşi ýaly ýaşaýşym ortagürp bolup barýardy, başgaça aýdylanda, güzeranym sada durmuşyň ýokarky derejesine jaýdy. Onda tagapyl edip, öýde oturybam ýetip biljek zadym üçin tutuş dünýäni söküp, agyr horluklar görüp ýörmegimiň näme hajaty bardy-ka?! Men şeýdip öz-özüm hümürdäp ýörmäni çykardym. Gel-gel boljagy şu bolsa, men bäş müň mil ýol aşyp, dünýäniň ol ujunda, ömürbaky hat-habar alşyp bolmajak şunça alys ýerde, kese ýurtlularyň, ýabanylaryň arasynda uç-gyraksyz çaňap ýatan beýewanda kösenip ýörmänimde-de, şu günüme Angliýada öz dogan-garyndaşlarymyň, dost-ýarlarymyň arasynda hem ap-arkaýyn ýetip bilerdim ahbetin.
Başyma düşen ahwalata biçak ökünip aňrysyna çykyp bilmeýärdim. Çendanýarym goňşymy görýän diýmeseň, iç döküşip, derdiňi egser ýaly hiç kim ýokdy. Her bir işde öz gara zähmetim bilen mydar edýärdim; özüm aýtmyşlaýyn, iňlär siňeksiz, janly-jemende ýok çolaja bir ada düşüp, indem alakjap ýören düňle diwana mysalydym. Ýöne welin, gününe kaýyl bolman, ony has beter ýagdaýlara deňäp, pälini bozan adamlaryň şol hili derdi-belalara duş gelip, tä akylyna aýlanýança, jebir-sütemlere sezewar bolup, görgi ýamanyny görmegi, asyl, nähili adalatly ekeni! Hawa, hut şol kysmat meniňem maňlaýymdan çykdy. Adam aýagy ýetmejek, gum-guk çolaryp ýatan bir adada bir özüm somalyp galan dek, mesligime çydaman, iki günüň biri nähak zeýrenip oturman, gaýtam, hojalyk işlerimi şol wagtkysy ýaly dolandyrmaga dowam eden bolsadym, gürrüňsiz, depseň yranmajak baýlyga çümerdim, eşretli ýaşaýşyň sapaly döwranyna maýyl bolup, messan gezip ýaşardym.
Plantasiýam bilen bagly işleri birneme ugrukdyryp, tertibe salan mahalym, halasgärim — gadyrdan kapitan dostum ýüküni jemläp, indiki syýahata taýýarlyk

görmek üçin üç aýa golaý wagtlap Braziliýada düşläp eglenensoň, basym Portugaliýa tarap ýüzüşe çykjakdygy barada maňa habar iberdi. Men oňa Londonda az-kem pul goýup gaýdandygym barada gürrüň berdim. Şonda kapitan ak ýüreginden dostlukly maslahat berdi:

— «Senýor Ingleze (ol maňa hemişe şeýle ýüzlenýärdi), — diýip, ol söze başlady, — maňa bir-ä resmi ygtyýarnama, birem Londondaky şol dul aýala puluňy Lissabona, meniň aýtjak adamlaryma ibermegini sargap, öz dilhatyňy ýazyp berseň, Alla ugruna etse, men bärde geçginli satyljak dürli-dümen iňlis harytlaryndan gämä basyp, gaýdyşyn elin getirip bereýin. Ýöne, pelek işidir, bardy geldi heläkçilige uçraýsam, ahmal bolmaz ýaly, birbada puluň ýarysyny, ýagny ýüz funt sterlingi terezä goýaly. Eger, şoňa düşen harytlary başym bitin getirip bilsem, onda galan puluňy hem indiki gezek şeýdip äkelerin. Aýdaly, şu gezek bolmasy bir iş bolaýsa hem, galanja puluňy alyp galdygyň bolar».

Bu maslahat ýüregime jüňk boldy. Özüm bolsamam, şundan gowy pikir kelläme geljek däldi. Onsoň men pul goýup gaýdan hanym jenabyma gowşurar ýaly ähli hat-petegi we ygtyýarnamany edil aýdyşy ýaly taýýarlap, portugal kapitana eltip berdim.

Iňlis kapitanyň dul aýalyna ähli başdangeçirmelerim — guçlulyga düşüşim, gaçyp gaýdyşym, deňizde portugal kapitana duş gelşim barada, onuň ajaýyp adamkärçiligi hem-de şu wagtky hojalyk işlerim hakda bolşy-bolşy ýaly gürrüň berýän hat ýazdym. Pulumyň deň ýarysyny Lissabondaky salga ibermegini hem towakga etdim. Kapitan dostum Lissabona baran wagty, birnäçe iňlis täjire gabat gelipdir-de, şolardan hem-ä hatymy iberipdir, hemem meniň tutuş hekaýatymy Londonda ýaşaýan bir söwdagäre ýetirmeklerini haýyş edipdir. Ol söwdagär bolsa hatymy dul zenana elin gowşurypdyr-da, başymdan geçen günleri oňa birin-birin gürrüň edip beripdir. Dul zenan puly bir iberipdir, üstesine hakyny öz jübüsinden töläp, portugal kapitana adamkärçiligi we maňa eden ýagşylygy üçin biçak owadan serpaý hem salypdyr.

Londonly söwdagär şol ýüz funt sterlinge kapitanyň ýazyp goýberen iňlis harytlaryny satyn alyp, göni Lissabona ugradypdyr, kapitan bolsa, olary sag-aman Braziliýa äkelip berdi. Öz kesbi-kärimde heniz gögele bolamsoň, sargamak kelläme gelmedik birgiden zady — plantasiýam üçin gerekli her tüýsli abzallary, çoýun gurallary, hojalyk esbaplaryny kapitan alada edip, ýörite alyp gelen ekeni. Ekinçilikde olaryň gaty uly kömegi degdi.

Ýüküm gelen wagty muňa öz ýanymdan begenip, monça boldum, «bagtym gül açýar-ow» diýip hasap etdim. Howandar kapitanym dul zenanyň özüne peşgeş edip iberen bäş funt sterlingini berip, alty ýyl hyzmat etmek şerti bilen, maňa bir hyzmatkär hem satyn alypdyr ekeni. Eden ýagşylygyny ýerine salmak üçin hödür eden zatlarymy almajak bolup, kapitan, baý, ökje dirändir-ä! Bolsa-da, eýlesine-beýlesine geçip, halys gününe goýman duramsoň, ol ekinimden birki düýrüm temmäki aldy.

Bu heniz hemmesi däl. Ýükümden çykan geýim-gejimler, azyk önümleri, mawutlar we beýleki zatlar Braziliýada örän gymmat bahadan satylýardy, näçe diýseň hyrydar bardy. Onsoň üstüm alagüpürdi bolaýdy, telim esse bahany urup, bar harydymy satyp dyndym; söwdam şeýle bir oňdy welin, ýükümi dört esse bahadan satyşdyryp, uly peýda gazandym. Ine onsoň, plantasiýadaky işler boýunça pukaraja goňşymdan

mese-mälim saýlandym duruberdim, sebäbi, özüme bir hebeşi gul bilen kapitanyň Lissabondan äkeleninden başga, ýene-de bir ýewropaly hyzmatkär satyn alnypdym.

Emma welin, baýlygyňy ýele sowrup ýörmeklik galapyn ýagdaýda bizi iň uly bela-beterlere bakan dartýar ahyryn. Bu ýagdaý mende hem şeýle boldy. Indiki ýyl plantasiýadan örän köp hasyl aldym: gerek-ýarak üçin goňşular bilen alyş-çalyş edenimi hasap etmäniňde arassa elli desse temmäki ýygnadym. Her biriniň agramy ýüz funta barabar şol elli dessäni birlaý guradyp, gämiler Lissabondan dolanyp gelýänçä taýýar edip, küdeläp goýdum. Şeýdip, ähli işlerim rowaç bolup, baýlygym artyberensoň, çakymdan artyk işlere, men diýen täjirlere gaýra dur diýdirjek söwda-satyklara baş goşmagy küýsäp, meniň ýüregim gysyp başlady. Şol günüme kaýyl bolup oturanlygymda, kakamyň janyndan syzdyryp aýdyşy ýaly, hiç bir zatdan kemçilik çekmän, hemişe keýpi-sapada bolup gezibermelidim. Hiç zadyň gaýgysyny etmän, şeýdip, asuda durmuşa gümra bolup ýaşabermeli günüm barka, men şormaňlaý, bir beladan dyndym diýsem, ondanam beterine sataşýan oturyberýän. Soň-soňlar men özümiň nähili işlere baş goşup, nähili derdi-belalara duş gelip ýörşüm hakynda oýlanyp görsem, asyl belanyň körügi, Allanyň maňa bagyş eden sapaly döwranyna alkyş okap, öz durmuşyma birkemsiz guwanyp, peýwagtyma ýaşap ýörmeli halyma, daga kişňäp, çet ýurtlara söwda-syýahata gitjek diýip hötjetlik etmegimde ekeni.

Eneň-ataň öýünden gaçyp, haý-höwesleriň böwedi bir böwsülensoň, kanagat edip oturjak gümanyň barmy diýsene. Ana, onsoň, men plantasiýada ekerançylyk bilen meşgullanyp, hiç bir zada zar bolman, wagtymy hoş geçirip ýörmekden ýüz öwürdim. Öz maýdalymdan has çalt baýamaga höwes edip, ýüregimi bire baglap, näme bolsa şol bolsuna saldym-da, ýagty ýalançyda adamzadyň başyna düşýän külpetleriň, jebri-jepalaryň öldürmese-de güldürmeýän girdabyna özümi okladym.

Indi bolsa, öz hekaýatymyň şol bölegini başdan-aýak gürrüň bereýin. Braziliýada eýýäm dört ýyldan bäri ýaşap ýördüm, şekerçiňrik plantasiýamdan weşeň-weşeň pul gazanyp, elim uzadan ýerime ýetýärdi. Ýerli dili suwara öwrenipdim, goňşy plantatorlar bilen aramy sazlap, birgiden dost tutunypdym. Şolaryň arasynda golaýymyzdaky Keramatly Salwador portunda ýaşaýan täjirler hem bardy. Olar bilen oturşyp-turuşan wagtymyz, Gwineýanyň kenarlaryna iki ýola syýahat edişim barada mazamlap gürrüň berýärdim. O ýerdäki hebeşiler bilen nähili söwda-satyk etmelidigi, monjuk diýermiň, oýunjak, pyçak, gaýçy ýa-da palta diýermiň, garaz her dürli ýaldyr-ýuldur berip, kör köpügiň bahasyna altyn külkesini, Gwineýa gallasyny, şirmaýy süňkleri, hatda, Braziliýada işletmek üçin süri-süri edip, hebeşi gul-gyrnaklary alyp bolýandygyny agzymy suwardyp aýdyp berýärdim.

Täjirler meniň gürrüňlerimi, esasan hem, hebeşi gullary satyn almak baradaky sözlerimi örän geňirgenişip, haýran galyşyp diňleýärdiler. O döwürler gul söwdasyny etmek üçin atyň kellesi ýaly ýürek gerekdi, sebäbi döwlet ony öz elinde saklaýardy. Munuň üçin Ispaniýanyň ýa-da Portugaliýanyň korolynyň *assiento* diýlip atlandyrylýan ejaza hatyny almak hökmandy. Gaty gymmat düşýändigi üçin hebeşi gullaryň kän bir hyrydary hem bolmaýardy.

Günlerden bir gün tanyş täjirler we plantatorlar bilen şagalaň gurap otyrkak, ýene şol zatlar barada kelle gyzdyryp, gürrüň edişdik. Ertesi gün irden şol ülpetlerimiň üç sanysy ýanyma gelip, düýn agşam aýdyp beren gürrüňlerimi ymykly ölçerip-dökendiklerini, indem maňa gizlin bir teklip aýtmakçy bolýandyklaryny mälim etdi. Dilime berk bolmaga boýun bolamsoň, olar mende-de, özlerinde-de plantasiýa bardygyny, bize näçe diýseň hyzmatkär gerekdigini, şonuň üçinem Gwineýa gul-gyrnak äkelmäge gider ýaly gämi taýýarlamak niýetleriniň bardygyny düşündirmäge durdular. Ýöne gul söwdasy gadagandy, getireňsoň ol hebeşileri aç-açan satyp boljak däldi. Şonuň üçinem olar ýüzüşe bir saparlyk gidip, getirilen gullary kenaryň gözden uzagrak bir ýerine düşürägede, öz plantasiýalarymyza paýlamaly edipdirler. Gep salgyndan, olar meniň gäminiň baş ýükçüsi bolup gitmäge hem-de Gwineýanyň kenarýakasyna barlanda gul söwdasyna gözegçilik etmäge razylyk berjegimi-bermejegimi biljek bolýardylar. Olar syýahat üçin maňa gara şaýy çykartman, gullara deň şärik etjekdiklerini hem aýtdylar.

Bu teklip heniz ýer-ýurt edinip, idi-yssywat eder ýaly plantasiýa satyn almadyk, oňa ep-esli maýa goýup, indem ondan lomaýja düşewünde garaşmaýan adam üçin kemje-kerdem däldi. Emma men özüme mülk ýer edinip, işlerimi ugrukdyrypdym, ýene-de üç-dört ýyl gyrmyldabersem, Angliýadan galan pulumy getirtsem, başga ýatan çöpi galdyrjak aladam ýokdy; şojagaz pulumy hem goşsam, baýlygym üç-dört müň funt sterlinge dagy ýetip, has-da köpeljekdi. Şonuň üçinem meniň şol syýahata gitmäge hyýallanmagym barypýatan ýeňilkellelik boljakdy.

Ýöne welin, öz aýagymdan paltany urmak ozalyndan maňlaýyma ýazylgy bolansoň, edil birwagtlar kakamyň raýyny ýykyp, sergezdançylyk edip ýörmek baradaky hyýallarymy jylawlap bilmeýşim ýaly, men şor-toýnak bende bu teklibiňem öňünde durup bilmedim. Gepiň gysgasy, olara eger ýokkam plantasiýama göz-gulak bolmagy, bardy-geldi dolanyp gelmesem, oňa edil aýdyşym ýaly çemeleşmegi boýun alsalar, onda Gwineýa gitmäge ikelläp razydygymy aýtdym. Olaryň üçüsem ýerli-ýerden şeýtmäge äht edişip, bu hakda ýazmaça şertnama diýermiň, dilhaty diýermiň taýýarlap äkeldiler; menem resmi wesýetnama ýazyp, aradan çykan ýagdaýymda tutuş emlägimiň we plantasiýamyň esasy mirasdüşeri hökmünde birwagtlar janymy halas eden gämi kapitanyny belledim, ýöne ony emlägimi öz wesýetnamamda görkezişim ýaly ulanmaga borçly etdim: ol emlägimiň ýarysyny özüne alyp, galan ýarysyny bolsa, Angliýa ibermelidi.

Aý, garaz, emlägimi gorap saklamak, plantasiýamyň idi-yssywatyny kem etmezlik üçin ähli aladalary edişdirdim. Şol ätiýaçlylygymyň iň bolmanda ýarpasyny öz bähbidim üçinem ulanyp, näme iş edip, näme iş etmeli däldigimi aýyl-saýyl eden bolsadym, men, megerem, depseň yranmajak baýlyga eýe bolup biljek halyma, gül ýaly kesbimi taşlap, tazygyp deňiz syýahatyna çykyp gitmezdim. Barybir, başymdan her tüýsli külpetleriň inmegine garaşmaga mende onsuzam ýeterlik saý-sebäp bardy.

Emma gaty gyssap duransoňlar, pähim-paýhasa däl-de, haý-höwesimiň buýruklaryna köre-körlük bilen boýun egdim. Şeýdip, gämi ýola taýýar bolup, harytlar ýüklenildi, ýoluň ähli gerek-ýaragyny ozaldan ylalaşyşymyz ýaly şäriklerim ýerbe-ýer edişdirdi. Ine onsoň, men 1659-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda şol bisähet sagatda gäminiň biline

basdym. Şol gün meniň öz bagtyma gar ýagdyryp, enem-atamyň raýyndan çykyp, Hall şäherinden gaçyp gaýdanyma tegelek sekiz ýyl bolupdy.
Gämimiz ýüz ýigrimi ton çemesi ýük göterip bilýärdi, kapitany, onuň ýungasyny, birem meni hasap etmäniňde, gämide alty sany top bilen on dört sany deňizçi bardy. Bortda agyr harytlar, gülebentler ýokdy, diňe hebeşiler bilen alyş-çalyş eder ýaly monjuk diýermiň, aýna bölejikleridir balykgulak diýermiň, ondan başga-da ownuk-uşak aýnadyr pyçak, gaýçydyr palta diýermiň, garaz, tapan-tupanymyzdan ýükümizi tutupdyk.
Gämä münen günüm ýelkenleri ýazyp, ýola rowana bolduk. Ilkibaşda Braziliýanyň kenarýakasyny gyraklap, demirgazyga tarap ýüzdük, şol wagtlarda gämileriň adaty kursy bolan demirgazyk giňişligiň onunjy ýa-da on ikinji gradusyna ýetip, şol ýerdenem Afrikany nazarlap ýüzmäge hyýallanýardyk. Braziliýanyň ýakasyny syryp, tä Keramatly Awgustino burnuna çenli baryp ýetýänçäk, ýakyp-ýandyryp barýan jöwza bardy diýmeseň, howa örän ajaýyp boldy. Burundan soň açyk deňze bakan ýüzüp başlap, basym gury ýeri gözden ýitirdik. Gäminiň kursuny Fernando-de-Noronha adasyna barjak bolýan ýaly edip, demirgazyk-gündogara tarapa saklap barýardyk. Tizden ada gündogar tarapymyzda yzda galdy. Şol kurs bilen gidip barşymyza, on iki gün diýlende ekwator çyzygyny kesip geçdik. Iň soňky geçiren gözegçiligimiz görä, demirgazyk giňişligiň 7-nji gradusynyň 22-nji minutyndan ýüzüp barýarkak, birdenkä şeýle bir elhenç apy-tupan turdy welin, biz halys aljyrap özümizi ýitirdik. Harasat ilki günorta-gündogardan başlap, soňra tüýs tersine demirgazyk-günbatar tarapa geçdi, ahyrsoňunda bolsa, demirgazyk-gündogardan edil aldajy ýaly öwsüp ugrady welin, asla onuň güýji hiç zadyň çaky däldi. Biz ylaýyk on iki günläp, şemalyň ugry bilen ygyp ýörşümize, ýelkenleri düýrledik-de, takdyra ten berip, harasadyň eýmenç gazabyna boýun syndyk. Şol on iki günläp janymyz gyl üstünde, tolkunlar bizi haçan ýuwudarka diýşip şeýle bir gorkduk welin, heý, goýay! Aslynda gämidäkileriň hiç haýsynyň diri galmak umydy ýokdy.
Aýylganç harasadyň üstesine, şol başagaýlygyň içinde bir deňizçini tropiki ysytma tutup öldi, başga bir deňizçi bilen ýungany bolsa, tolkunlar holtumyna dolap aldy. On ikilenji gün diýlende tupan birneme sabady, kapitanymyz başardygyndan gözegçilik geçirip, çen bilen demirgazyk giňişligiň 11-nji gradusynda bolsagam, Keramatly Awgustino burnunyň 22 gradus günbataryna gelip düşendigimizi takyklady. Görüp otursak, biz asyl Gwiana kenarlarynyň ýakynyna ýa-da Braziliýanyň demirgazyk bölegindäki Amazonka derýasynyň aňrysyna, şol töwereklerde Beýik Derýa diýlip at berilýän Orinoko derýasynyň golaýjygyna baryp ýeten ekenik. Gämimiz mazalyja eýi ýetip, çalam-çaş bolup, suw syzdyryp duransoň, kapitan maňa sala salyp, haýsy kursdan ýüzerkäk diýip soraşdyrdy. Ol ýüzüniň ugruna Braziliýanyň kenarlaryna bakan gaýtmakçy hem boldy.
Men muňa düýbünden garşy boldum. Onsoň ikimiz bile oturyp, Amerikanyň kenarýaka kartalaryna birlaý göz aýlap çykdyk-da, ahyrsoňy tä Karib adalaryna barýançak bize düşelge bolar ýaly ilatly ýer ýok diýen netijä geldik. Şonuň üçinem gäminiň kursuny Barbados adasyna bakan öwürmegi müwessa gördük, şeýdip on bäş günläp gidibersek, onçakly emgenmän Meksika aýlagynyň akymyndan sowa geçeris-

de, açyk deňiz bilen ýüzübiris diýip tama edýärdik. Barybir gämini birlaý elden geçirip, özümizem göwnejaý bir dem-dynç alaýmasak, Afrika baryp ýeterimizden ýetmezimiz ýakyn boljakdy.

Biz şol hyýal bilen, haýsydyr bir iňlis adasynyň üstünden düşüp, kömek soramagy niýetläp, kursumyzy üýtgedip, günbatar-demirgazyk-günbatar tarapa sowduk. Emma syýahatymyzyň täleýi başgaça ekeni. Demirgazyk giňişligiň 12-nji gradusynyň 18-nji minuty bilen gidip barýarkak, ikinji gezek gaý-harasat gopdy-da, asman bilen deňzi gapyşdyryp, gämimizi günbatarlygyna bakan dazyrdadyp, ummadan çykardy. Biz söwda ýollaryndan şeýle bir alys ýerlere baryp düşdük welin, ýurdumyza dolanyp barmaga beýle-de dursun, bardy-geldi deňziň gazabyndan sypaýsagam, indi bize ýabany adamlara şam bolmak howpy abanýardy.

Şol başagaýlykda, harasat hem barha beterine tutup güwwüldeýärdi. Bir gün irden daň saz berer uçurlary deňizçileriň biri bogazyna sygdygyndan zowladyp: «Ýer!» — diýip gygyrdy, bizem nirelerde gezip ýörenimizi biljek bolup, bosuşyp kaýutadan çykanymyz hem şoldy welin, gämi baraga-dan bir çägelik ýalpaga süsňäp urdy. Ol şeýdip togtan badyna, äpet gomlar üstümizden şeýle bir zarp bilen golçuldap eňterildi welin, biz hut janymyz bokurdagymyza gelip, ala-basga düşüp, ykyşak ýere sümülişip, biri-birimize pugta gysylyşdyk. Biz ýalaw kimin gelip urulýan deňiz tolkunlarynyň köpürjiginden penalanjak bolşup çyr-çytyr bolýardyk.

Şol hili ýagdaýa düşüp görmedik adama biziň nähili eýmenç haýygyp, aňkamyz aşandygyny düşündirmek gaty kyn bolsa gerek. Biz nirede, bu gelip düşen ýerimiz adamy ýa-da materikmi, adam-gara ýaşaýarmy ýa-da ýaşanokmy — bularyň hemmesi bize näbellidi. Az-kem böwşeňlän hem bolsa, apy-tupanyň gazaby entekler köşeşerli däldi. Harasadyň gopguny birhili gudrat bilen öz-özünden tapba kesiläýmese, onda gäminiň sähelçe salym hem saklanyp bilmän, onuň zarbyna kül-uşak boljagynyň ujy iki däldi. Gepiň gysgasy, biz gözümizi petredip biri-birimize dikanlaşyp oturşymyza, ölümimizi boýnumyza alyp, indi bu ýagty ýalançyda aljak galamyz galmansoň, her birimiz kaýyllyk bilen o dünýä gitmäge taýýarlanýardyk. Şol wagt bize basalyk bolýan ýekeje zat bardy, ol hem ätiýaç edişimiň tersine, gämi heniz döwülmändi, kapitan bolsa, şemalyň ýatyşyp başlandygyny aýdyp gygyrdy.

Emma, şemal az-kem ýatyşýandyr öýtsek-de, barybir çägelik ýalpaga süsňäp giren gämi eger-eger ýerinden gozganarly däldi, ýagdaýymyz şeýle çökder bolansoň, indi her edip, hesip edip öz janymyzy halas etmekden başga alajymyz galmandy. Harasadyň öňüsyrasynda gäminiň yzky böleginde bir gaýyk bardy, ýöne ol harasat wagtynda ilki bilen rula baryp urlupdyr, soňundan bolsa tanapyny üzüp, ýa-ha gark bolupdyr ýa-da deňiz bilen gaýyp gidipdir. Şonuň üçinem ondan ýaňa tamamyz tala daňlan ýalydy. Bortda ýene bir gaýyk durdy, onam suwa nädip goýberjegiň hyllallady. Ýöne indi eňekleşip oturmaga maý ýokdy, gäminiň wes-weýran boljak pursady gaty ýakynlapdy, eýýämden «gämi omruldy» diýip, elewreşip ýörenlerem bardy.

Şol aldym-berdimde kapitanyň kömekçisi gaýyga ýapyşdy-da, beýleki deňizçileriň kömegi bilen bortdan aşak oklady; bizem sen-men ýok on bir adam bolup gaýyga terslin-oňlyn böküşip münägede, onuň tanapyny şarpa kesip, Allany çagyryp, Ondan

medet diläp, özümizi çarp urýan deňziň ygtyýaryna goýberdik; apy-tupan ep-esli kiparlan-da bolsa, deňziň mähnet gomlary güwwüldäp, bat bilen kenara baryp urulýardy. Deňziň bu bolşuna gollandlaryň «den vild Zee» (wagşy deňiz) diýen sözi jaýdar gabat gelýärdi.

Biziň ýagdaýymyz hakykatdan-da diýseň gözgynydy; däli-porhana dönen tolkunlaryň gaýygymyzy uzak gidirmän agdaryp urjagy, barymyzy gutulgysyz suwa gapgarjagy ikuçsuzdy. Ýelken ýazaly diýsek, ýelkenimizem ýokdy, bar bolaýanda-da, bize nepi degjek däldi. Onsoň ýerli-ýerden haýdaşyp gaýygy kenara baka kürekläp başladyk, ýöne edil dar agajyna äkidilip barýan dek ysgyn-mejalymyz gaçypdy, sebäp diýseň, gaýyk kenara golaýlaşan badyna, tolkunyň zarbyna onuň tike-tike boljagyny ählijämiz bilip durduk. Onsoň biz jan-tenden Allany çagyryşyp, kenara tarap ykdyryp alyp barýan gaý-tupanyň astynda, ýetişibildigimizden kürekleşip, göni gelýän ajala bakan alňasadyk.

Öňümizdäki kenar gaýalykmy ýa çägelikmi, kertmi ýa saýlykmy — biler ýaly däldi. Sähelçe umyt uçgunyny berýän ýekeje zat bardy, eger gaýygymyz saý-sebäp bilen nähilidir bir aýlaga ýa-da buhtajyga, ýa-da bolmasa deryanyň guýýan ýerine duşsa, ol-da bolmasa, gury ýeriň yk tarapyndan ýanaşyp bilsek, şol ýerde tolkunlaryň has asuda bolmagy ahmaldy. Ýöne barýan ugrumyzda ýaňkylara meňzeş zat asla göze ilmeýärdi, gaýtam, kenara golaýladygymyz saýy, gury ýer deňizden bäş esse beter eýmenç bolup görünýärdi.

Küreklere agram salyp, has dogrusy, ýeliň ugruna saga-sola gaýkyjaklap barşymyza, çen bilen bir ýarym liga çemesi ýol geçendiris-dä, ine, birdenkä äpet bir tolkun dag kimin çarpaýa galyp, ýeňse tarapymyzdan şeýle bir batly şaglap indi welin, biz şolbada ahyrky pillämiziň dolanyny aňladyk. Tolkun gaýygy zarp bilen holtumyna dolap aldy, biz: «Jan Alla!» diýmäge-de ýetişmän, göz açyp-ýumasy pursatda başly-barat suwuň teýine çümüp gitdik.

Suwuň aşagyna giden wagtym elimi-aýagymy ýitirip, aljyraýşym aýdar-diýer ýaly bolmady. Ökde ýüzüp bilýän-de bolsam, birbada tolkunlaryň ýüzüne çykyp bilmän tas hopugyp ölüpdim. Şol pursatda bir tolkun meni göterip aldy-da, kenara bakan ep-esli aralyga eltip zyňdy welin, şol tolkun yza gaýdansoň men gury ýeriň üstünde galdym. Agzym-burnum deňziň şor suwundan dolany üçin, çala demim gelip gidýärdi. Kenara çak edişimden has ýakyn durandygymy görenimden soň ýüregim ýerine gelip, dogumlandym. Men emedekläp, dyzanaklap, hyk-çok edip ýerimden turdum-da, ýene bir tolkun gelip, yzyma akdyryp ötägitmesin diýen gorky bilen aldyranym bar ýaly, gury ýere bakan ylgaşladym. Emma tolkundan gaçyp sypmagyň mümkin däldigine gaty basym göz ýetirdim; deňiz, ylla diýersiň, baýyr süýşen ýaly bolup, gazap atyna atlanan duşman kimin ökjämi sydyrdyp, okdurylyp gelýärdi. Meniň bolsa elim-aýagym diýenimi etmän, gymyldamaga mejalym galmandy. Elimden geljek ýeke zat bardy, ol hem demimi tutup, başardygymdan suwuň ýüzünde saklanjak bolmalydym. Soňra ýene dem alyp, güýjüm ýetdiginden kenara bakan ýüzmelidim. Tolkunyň ilkibaşda beýgelip, meni şunça aralyga deňiç süýrekläp getirişi ýaly, täze tolkunam yza gaýdyşyn meni alagada deňze bakan allaowarradan çykararmykan diýip gara janym galmady.

Ala-gopgun bolup depämden gaýdan tolkun meni ýigrimi-otuz fut çemesi çuňluga öz içine dolap aldy. Men biçak uly tizlik bilen hol aňrylara, kenara bakan wazlap barýandygymy duýan dessime, demimi saklap, bar güýjüm bilen öňe tarap ümzük atyp başladym. Demim içime dolup, ýarylara gezek gelen pursadymda, hernä çöregim bitin ekeni, birdenkä özümiň ýokarlygyna galyp ugrandygymy aňşyrdym; iki sekuntlyjagam bolsa, kelläm bilen ellerim suwuň ýüzüne zompa çykdy welin, bu maňa uly goltgy boldy, men öwhüldäp dem alyp, edil tekge berlen ýaly boldum. Onsoň biraz salym ýene-de suwuň aşagyna gitdim, ýöne bu gezek ol uzaga çekmedi. Bir görsem, tolkunyň bady gowşap, yza gaýdyşyp başlapdyr. Men gaýtgynyň tersine ýüzjek bolup, janhowluma suw peşeläp, gara-başagaý bolup durşuma, aýaklarymyň ýere degendigini duýdum. Tolkun peselişensoň, demimi dürsemek üçin sähel salym saklandym, eginbaşymdan joralanyp suw akyp durdy. Onsoň katdymy dikledim-de, kenara tarap güýjümde baryny edip eňdim. Ýöne bu gezegem deňziň gazabyndan gutulyp bilmedim, ol edil bolmajysy bolup, ary köýen ýaly yzymdan kowup ýetdi-de, meni iki gezek dagyn pökgi ýaly oýana-buýana pyzyşdyryp, başyma müň dürli oýun salyp, halys it alan sanaja dönderdi. Kenarýaka juda tekiz bolansoň, tolkun her sapar meni göter-göter edip, öz gerşinde kelemenledip, has-da öňe alyp gitdi.
Soňky tolkun nädenem başyma ýetipdi. Ol meni alagada, ala-pažžyldy bolup, ýene gury ýere çykaryp taşlady, has dogrusy, bir gaýa böleginiň ýüzüne şeýle bir batly pylçap urdy weli, men seňseläp, edil ýöne süýnüp ýatyberdim. Urgy böwrüm bilen kükregime degendigi sebäpli demim-demime ýetmän, sojap halys tapdan düşdüm, eger şol pursatda ýene bir tolkun dagy gelen bolsady, onda men gyrk-gyrk edip, kyrky sanap gidibermelidim. Ýöne, tolkunlar heniz gelip ýetişmänkä, men tüýs wagtynda aýňaldym-da, suwa üstümi basdyrmajak bolup, gaýa bölegine iki elim bilen mäkäm ýapyşyp-ýarmaşyp, garaz, mümkin boldugyça, tolkun yza çekilýänçä demimi tutup saklanmagy ýüregime düwdüm. Kenar indi ýakynda bolansoň, tolkun başdaky ýaly beýik däldi, onsoň ol yzyna gaýdýança men gaýany bagyrtlap ýatyberdim. Tolkun çekilen badyna men şalp-şaraň bolup, suwumy sarkdyryp, ýeňsämden ýagy gelýän ýaly bolup ylgadym-da kenara diýseň golaýladym. Şonuň üçinem indiki tolkun yzymdan ýetse-de, barybir meni suwa çümdürip, açyk deňze akdyryp äkidip bilmedi. Onsoň birneme ýüreklenip, ýene esli ylgaşlap, ahyrsoňy gury ýere ymykly aýak basdym. Şatlygymyň çeni-çaky ýokdy. Men kenardaky gaýalyga dyrmaşyp çykyp, gök otlaryň üstüne özümi goýberdim. Oturan ýerim howpsuzdy, ol deňziň aýtymyndan ep-eslije daşda ýerleşýärdi.
Men sag-aman gury ýere çykaryp, janymy halas edeni üçin ýüzümi asmana göterip, gudraty güýçli Allatagalla alkyş okap, Oňa şükür edip başladym. Şondan sähelçe minut ozal hem umydym gyl ýuwdan ýalydy ahyryn. Şeýdip gabryň gädiginden garap, soňundan aman galan bendäniň başdan geçirýän uly şatlygyny, begenjini söz bilen beýan etmek ýeňil-ýelpaý zat dälmikä diýýän; şodur-şodur boýnundan syrtmak geçirilip, dar agajyndan asyljak bolup duran jenaýatkäre günäsiniň geçilendigi aýdylan mahaly, duýdansyz şatlykdan ýaňa o bendäniň ýeldirgäp, birden ýüregi duraýmasyn diýip, ätiýaçdan gan alar ýaly hemişe bir lukmanyň taýýar bolup durýandygy baradaky dessur men indi birjigem geň galdyrmaýar.

«*Sebäbi duýdansyz gelen şatlyk hem, edil gam-gussa ýaly, ilkibaşda akylyňy çaşyrýar*».
Men öldüm-öldümde halas bolanyma ynanyp bilmän, iç-içime sygman, gollarymy asmana galdyryp, kenarda ikibaka at salyp, okkessirme geçip ýörşüme, set müň dürli bökjekläp, aşyr atyp, her hili oýunlar edip tüýs bolmajysy boldum weli, heý goýaý! Şol ikiarada ardurja gark bolan ýoldaşlarym barada hem pikir edýärdim, öz ýanymdan çen tutup, olaryň menden özge diri sypany bardyr öýtmedim; sebäbi, şondan soň men gaýdyp olaryň birine-de duş gelmedim. Deňziň kenara zyňyp taşlan üç sany şlýapasy, bir papagy, birem iki jübüt bitaý köwşi diýäýmeseň, biçäre ýolagçylardan nam-nyşan ýokdy.
Çägelik ýalpakda saga-sola hallan atyp, çaýkanyp duran gämimize bakan esewan etdim. Gazabyna bäs gelmän möwç urýan äpet tolkunlardyr dumly-duşa syçrap gidýän ap-ak köpürjiklerden ýaňa ol çala göze kaklyşýardy. Gämi şeýle bir daş ýerde durdy welin, men biçak haýran galyp: «Eý Allam! Gudratyňa haýran, nädip kenara çykaýdymkam?» — diýip, öz ýanymdan içimi gepletdim.
Men ýüregim ýerine gelip, nepesim durlanansoň, nähili jelegaýa gelip düşenimi, indi näme edip, näme işlejegimi anyklajak bolup sagyma-soluma ser salan badyma şatlygym zym-zyýat boldy. Bir söz bilen aýdanyňda, asyl deňze çümüp gidenim müň paý gowy boljak ekeni. Men süllümmaý ezilip, öl-myžžyk bolup durşuma çalşyrynar ýaly ýeke eginbaşym hem ýokdy. Ne iýer ýaly zadym bardy, ne içer ýaly. Indi maňa hor-homsy bolup ölüp gitmekden ýa-da gurda-guşa şam bolmakdan başga ýol görünmeýärdi. Iň ketje ýeri bolsa, aw awlap, ölmez-ödi oňňut etmek ýa-da kastyma düşen ýyrtyjy haýwanlardan goranmak üçin tüpeňim hem ýokdy. Umuman, ýanymda bir-ä pyçak bilen şybykdan, birem içi azajyk temmäkili gutujykdan başga hiç zadym galmandy. Barja paty-putym ana şolardy. Muny görüp, şeýle güýçli gaýgy-gama batyp, ýüregim gysyp, hakyt dälirän ýaly boldum-da, men ümdüzime tutup, usurgaýançam çar tarapa ýüwürdim. Eýýäm gün ýaşyp, garaňky üstümi basmarlap barýandygy sebäpli, men eger bu jelegaýlarda gijelerine awuň gözlegine çykýan ýyrtyjy haýwanlar bar bolaýsa, başymda nä dürli oýunlar goparka diýip, öz ýanymdan elewräp oýlanyp başladym.
Şol wagt paýhas eden ýeke-täk çykalgam, şol golaýda ösüp oturan pihta agajyna çalymdaş, ýöne tikenekli, gür ýaprakly belent bir agajyň üstüne çykmak boldy, men onuň ýokary başynda oturyp gijäni geçirmegi ýüregime düwdüm. Nädip öljegimi ertir görüberýäs-dä diýip oýlanýardym, sebäbi men ýaşamak üçin hiç hili ugur-utga görmeýärdim. Onsoň içer ýaly az-kem suw tapdyrmazmykan diýip, kenardan aňyrlygyna çärýek mil töweregi ýöräp gitdim. Men süýji suwly bir akar suwa duş geldim welin, begenjimiň çägi bolmady. Çeşmäniň suwundan ganýançam içip, yzyndanam ýüregimiň gurduny öldürer ýaly, azajyk temmäki çeýnän boldum. Soňra bolsa agajyň ýanyna dolanyp gelip, derrew ýarmaşyp üstüne mündüm-de, birden irkilip, aşak gütläp gaçmaz ýaly, özüme ýerjagaz ýasandym. Onsoň şahalaryň birinden serdessä meňzäp duran keltejik taýak kesinip aldym-da, ýasan ýerjagazymda jaýlaşyp oturdym. Ýadap halys lütüm çykansoň, men derrew uka gidipdirin. Meniň

ýerimde bolan bolsa, beýdip arkaýyn ýatyp biljek adam az-azdyr. Ertesi jahan ýagtylyp, gün dogansoň, men hemişekilerden has şähdaçyk halda ukudan oýandym.

## IV BAP

Gözümi açan wagtym daş-töwerek mazaly ýagtylyp, howa açylypdyr eken. Harasat diňipdir, deňiz bolsa indi öňküsinden köşeşipdir. Emma meni iň geň galdyran zat, deňziň daşgyny çägä batyp ýatan gämini gije ýerinden göterip gaýdypdyr-da, ozal aýdyşym ýaly, düýn tolkunyň meni bat bilen pylçap uran gaýalygynyň edil ýanjagazyna getirip goýupdyr. Indi gämi meniň gijäni geçiren ýerimden bary-ýogy bir mil çemesi uzakda, hiç ýaňa gyşarman katdyny dikläp durdy, onsoň meniň gämä baryp, iň bolmanda derdime ýaraýjak äňry-bäri zatlary alyşdyrasym geldi.
Men agajyň üstündäki tünejigimden çykyp ýere düşdüm-de, ýene bir ýola degre-daşyma göz gezdirdim, ilki bilen gözüme ilen zat düýnki gaýygymyz boldy, şemaldyr deňiz tolkunlary ony sag tarapymda, takmynan, iki mil töweregi aňryk kenara çykaryp taşlapdyr. Men kenaryň ýakasyny syryp, gaýyga bakan birmeýdan pyýadalap ýöredim, ýöne birdenkä gaýyk bilen aralykda ini ýarym mile ýetýän bir aýlag öňümden keserip çykdy. Günümi görer ýaly oduk-buduk bir zatlar taparyn diýen umyt bilen gämä münmegi niýetläp oturamsoň, gaýykly meseläni bir ýaňa goýup, yza dolandym.
Gün öýleden agyp başlan çagy deňiz örän asudalaşyp, gaýtgyn şeýle bir peseldi welin, men gäminiň çärýek mil alkymyna çenli arkaýyn ýöräp bardym. Ana, şol ýerde bolsa ýaňadan ýüregim gyýylyp, dünýäm daraldy, asyl, gämiden düşmän oturan bolsak, hemmämiziň sag-aman diri galjak ekendigimizi men indi aç-açan görüpdim. Şonda barymyz başymyz bitin kenara çykardyk, men garamaňlaýam şu wagtky bolşum ýaly bu janly-jemendesiz ýerde bir özüm somalyp galmazdym. Muňa gynanyp, gözümden boýur-boýur ýaş gaýtdy, ýöne, boljak iş bolupdy. Men eýdip-beýdip gämä baryp ýetmegiň ugruna çykdym. Howa gyzyp, howur alyp durandygy üçin, geýim-gejimlerimi çykaryşdyryp, suwa girdim. Ýöne, gäminiň ýanyna ýetenimden soň, borta nädip münjegimi bilmän haýyr-heläk boldum. Ol ýalpaklykda, suwdan ep-esli saýlanyp durdy, şonuň üçinem elýeterimde hiç hili ýapyşar ýaly ýeri ýokdy. Suwy gulaçlap, gäminiň daşyndan iki gezek aýlanyp çykdym, ikinji gezegimde bortuň want-putenslerinden aşak sallanyp, suwa degäýjek-degäýjek bolup duran bir tanap gözüme kaklyşdy welin, şonuň ilkibaşda nädip gözümden sypanyna gaty haýran galdym. Men batyp-çomup zordan onuň ujundan gysymlap tutup, dyrmaşyp gäminiň burun tarapyndan paluba mündüm. Şonda gäminiň deşilip, trýumy ep-esli suw basandygyny gördüm, emma ol çägelige ýa-da has dogrusy gyrmançaly saýlyga ýanyny berip ýatyrdy, gäminiň yz tarapy ýokary galyp, burny suwy erňekläp diýen ýaly durdy. Şeýlelikde, gäminiň yzky bölegi şol durşuna hiç hili suw degmän galypdyr, ol ýerde ýerleşdirilip goýlan bar zatlar bolsa ezilmän, gury duran eken. Özüňiz bilýäňiz, meniň birinji işim zaýalanan-u abat galan zatlary gözleşdirip, tükelläp çykmak boldy. Ilki bilen gämidäki ähli azyk-owkatlaryň suw degmän guryja durandygyny gördüm, onsoň içim eljuk diýip duransoň, çörek saklanýan ammara

girip, jübülerimi külçeden doldurdym-da, wagt ýitirmäýin diýip, aýagüstünde gäwüşäp ýörşüme, galan işler bilen boldum. Uly kaýutadan bir çüýşe rom tapyp, başyma çekdim welin, janym ýerine gelen ýaly boldy. Öňde bolsa edilmeli iş kändi. Indi bar zatdan öňinçä derdime näçe diýseň ýarap biljek birgiden goş-golamy, azyk-engamy kenarýaka daşamak üçin maňa gaýyk gerekdi.

Ýöne, bolmajak zadyň arzuwyny edip, gol gowşuryp oturanyňdan hem peýda ýokdy. Şonuň üçinem «gerek deregi ýykar» diýlişi ýaly, özüm bilimi berk guşadym-da, işe girişdim. Gämide bir topar ätiýaçlyk agaç-ugaç, iküç sany uly bogaldak pürsi hem-de birki sany stenga — bogaldak ujy bardy. Men sal gurunmagy ýüregime düwüp, şolaryň ýeňilräklerinden aldym we akyp gidibermezligi üçin olary ýekän-ýekän ýüp bilen daňyşdyryp, bortdan aşak okladym. Soňra bolsa, gäminiň gapdalyndan syrygyp düşüp, olary özüme bakan çekdim-de, dört sanysyny uç taraplaryndan gabşyragada mäkäm berkidip, sal ýasadym, iküç sany kelteräk tagtanam üstünden atanaklap daňdym. Salyň üstünde arkaýyn ýöräp bolýardy, emma agaç bölekleri ýeňiljek bolansoň mundan agyr ýüki göterip bilmejegi görnüp durdy. Şondan soň men gaýtadan işe girişip, neçjaryň byçgysy bilen bir ätiýaçlyk stengany üç bölek edip kesişdirdim-de, olary salymyň üstüne goşdum. Argynlykdan ýaňa halys surnugypdym, emma men ähli gerek-ýaragymy birkemsiz jemlemek baradaky umydymdan gujur-gaýrat alyp, öňde-soňda işlemedigimi işläp, ot-elek boldum.

Şeýdip ahyryn sal göwnejaý ýükleri götermäge taýýar boldy. Meniň indiki aladam oňa nämeleri ýüklejegim, ýüklän zatlarymy deňziň tolkunlaryndan nähili edip gorajagym barada boldy. Ýöne munuň üçin uzak pikirlenip oturmadym. Ilki bilen göterip bilenimden tagtadyr nawlary salyň üstüne ýaýradyp basdym we iň gerekli hasap edýän goşlarymy ölçerip-döküp, üç sany deňizçi sandygyny aldym-da, olaryň gulpuny döwägede, içlerini boşadyp, aşak salyň üstüne düşürdim. Soňra bir sandyga çörek, tüwi, üç tegelek golland peýniri, bäş bölek kakadylan geçi eti (ol biziň esasy höregimizdi) hem-de gämide birwagt iýip gutaran guşlarymyzdan galan az-kem däne we ş.m. azyk önümlerini saldym. Ol bugdaý bilen garylan arpady; ýöne ony alakalaryň iýip, haraplandygyny bilemsoň, lapym gaty keç boldy. Ondan başga-da men şkiperimize degişli birnäçe ýaşşik süýji şerap bilen bäş-alty gallon çemesi arak tapdym. Bu ýaşşikleriň hemmesini şol durşuna üst-üste goýuşdyrdym, sebäbi olary sandyga salmak gerek däldi, salaýyn diýenimde-de sygdyrjak gümanym ýokdy. Şeýdip gümra bolup ýörşüme, deňiz asuda hem bolsa, birdenkä daşgyn başlady-da, kenarda çägäň üstünde goýup gaýdan keltekçämi, köýnegimi we gursakçamy deňze akdyryp äkitdi welin, gynanjymdan ýaňa doňup galdym. Şeýlelikde dyzyma çenli ýetip duran zygyrdan tikilen jalbarym bilen jorabymdan başga eşigim galmady. Men gämä ýüzüp gaýdamda olary çykarmandym. Onsoň men gämiden egin-eşik agtaryp başladym-da, her tüýsli geýim-gejimiň üstünden bardym, ýöne diňe şol wagtlykça geregimi alyp, galanyny goýdum, sebäbi meniň bar küýüm başga zatlarda, esasan-da iş gurallaryndady. Men uzak wagt gözlänimden soň, agaç ussasynyň sandygyny tapdym, ol meniň üçin hakykatdan-da bahasyna ýetip bolmajak olja boldy, ony şol wagt bir gämi altyn-tylla berselerem, çalyşmazdym. Içinde umuman nähili abzal-

guralyň bardygyny çaklap bilýändigim üçin, ony gözden geçirjek bolup, wagt ýitirip durmadym-da, alyp şol durşuna sala basdym.
Indi bolsa, ok-däri bilen ýaragyň aladasyny etmelidim. Uly kaýutadan iki sany ajaýyp aw tüpeňi bilen iki sany sapança tapdym. Men şolbada bulary, gapdaly bilenem birnäçe däri gutusyny, içi seçmeli kiçeňräk haltajygy hem-de iki sany köne poslan gylyjy aldym. Gämide üç çelek däri bardygyny bilýänem bolsam, topçymyzyň olary nirede ýygnap goýandygyny bilmeýärdim. Emma, iş edinip gözläp, ahyryn çelekleriň üçüsinem tapdym, olaryň ikisi gury ekeni, üçünjisine bolsa, suw degipdir. Men şol iki çelek bilen ýaraglary sala ýükledim. Şeýlelikde, «indi-hä ýükümi tutan bolsam gerek» diýip öz ýanymdan oýlandym-da, «ýelken ýok, kürek ýok, rul ýok — indi kenara nädip aşsamkam» diýip, kelle döwmäge başladym; sähel ýel turdugy bes, barym-ýogum bilen bilelikde deňze düňderilip gidibermelidim.
Üç sany ýagdaý meniň göwnümi göterdi, birinjiden, deňiz aýna ýaly tekiz, asudady; ikinjiden, ýokary beýgelýän daşgyn meni hökman kenara tarap äkitjekdi; üçünjiden bolsa, kenara tarap ugurdaş, ýeňiljek şemal öwsüp durdy. Şeýle bolansoň, gäminiň gaýygyndan galan iküç sany döwük kürek, sandykdaky abzallardan başga, iki sany byçgy, palta bilen çekiç tapyp, ýanyma aldym-da, saly ýüzdürip başladym. Şondan soň sal bir mil töweregi gowy ýüzüp gitdi; birdenkä, onuň ilki deňizden çykan ýerime däl-de, birneme sowaşak barýandygyny gördüm. Onsoň, men kenarýaka bakan bir akymyň bardygyny çaklap, şol ýerlerde ýüklerimi düşürer ýaly haýsydyr bir oňaýly aýlagjyk ýa-da derýa bardyr diýip tama etdim.
Pikir edişim ýaly hem bolup çykdy. Basym meniň öňümde kiçeňräk bir aýlag peýda boldy, görsem, men şol tarapa akýan bir güýçli akymyň üstünden barypdyryn. Men saly başardygymdan ugrukdyryp, akymyň ortasynda saklanmaga çalyşdym.
Ýöne, şol ýerde tasdanam «gämim» ikilenç gezek gark bolýardy, eger şeýle bolan bolsady, onda meniň çekjek gaýgy-hasratymyň çeni bolmazdy. Kenarýaka näbelet bolanym sebäpli, salyň diňe bir gyrasy ýalpaklyga baryp süsdürildi-de, beýleki gyrasy suwda böwür berip, magallaklap galdy welin, nädenem bar ýüküm şol gyra bakan taýyp, suwa gaçypdy. Men bar güýjüm bilen arkamy sandyklara söýäp, olary ýerinden gozgatmajak boldum, ýöne näçe dyrjaşsam hem, saly ýalpaklykdan çykaryp bilmedim. Şol bolşumdan gymyldamaga milt edip bilmän, haýyr-heläk sandyklary saklap durşuma, şeýdip ýarym sagat dagyn atan-satan bolup galyberdim. Şol ikiarada daşgynyň suwy beýgelip, meniň salymy az-kem ýokary göterdi welin, ýene birsellem wagt geçensoň, daşgyn hasam beýgeldi-de, sal ahyrsoňy çägelikden sypdy. Men çägelige küregimi diräp, saly akyma bakan itekläp ugrukdyrdym. Men ony akymyň ugruna goýberip, ahyrsoňunda bir derýajygyň guýýan ýerine baryp ýetdim. Onuň iki ýakasy hem gury ýerrden ybaratdy. Akym bu ýerde örän çasly akýardy. Men kenara ýanaşmak üçin amatly ýer peýläp, iki baka esewan edýärdim; derýanyň gözbaşyna tarap deňizden onçakly daşlaşyp gidiberesim gelenokdy, sebäbi irde-giçde deňizde gämi görerin diýen tamam bardy, şol sebäplem men çemine salyp kenara ýakyn ýerleşmegi ýüregime düwdüm.
Ahyry, derýanyň sag kenarynda kiçijik bir buhtajyga gözüm düşdi, men hupbat baryny görüp, zordan saly şoňa bakan gönükdirdim. Iň soňunda kenara şeýle bir

ýakynlaşdym welin, kürek suwuň düýbüne degip başlady, indi arkaýyn kenara ýanaşyp biljekdim. Ýöne edil şol ýerde-de saldaky goş-golamlaryň ählisi tasdan suw eňterilýärdi, çünki kenar biçak kert, has dogrusy eňňit bolansoň, baryp duraýar ýaly ýeri ýokdy. Salyň bir gyrasy hälki ýaly kenarýaka urlup, ýokary galagada, beýleki gyrasam peseläýse, meniň ýüküm ýene-de howp astynda galjakdy. Elimden gelýän bar zat — daşgyn iň soňky hetdine ýetýänçä garaşyp, küregi misli labyr hökmünde ulanyp, saly gozgatman, kenaryň alkymynda saklanmakdy. Men şol taýdaky bir tekizje ýeri suw basar diýip çak edýärdim. Şeýle hem boldy. Suw ýeterlikçe galyp, saly bir fut çemesi ýokaryk göteren badyna, men salymyny bermän şol ýerjagaza saly ýüzdürip eltdim-de, iki sany döwük küregiň hersini bir ýanyna, suwuň düýbündäki çägelige pugta kakyp, şol ýere ykjam berkitdim we tä daşgyn gaýdýança garaşyp oturdym. Şeýlelikde, daşgyn gaýdansoň meniň salym ýükü zady bilen bilelikde gury ýeriň üstünde galdy.

Meniň indiki işim degre-daşy gözden geçirip, ýurt tutunar ýaly hem-de her hili ýagdaýda goş-golamlarymy üýşürip goýar ýaly oňaýly ýerjagaz agtarmak boldy. Nirelere gelip düşenimi — materikmi ýa-da adamy, ilatlymy, ilatsyzmy; wagşy haýwanlar jana howp salýarmy, salanokmy, heniz bilmeýärdim. Menden bir mil çemesi aňyrda ýokarlygyna galyp gidýän, seleňläp oturan bir belent baýyr görünýärdi. Ol megerem beýleki depeleriň üstüne abanyp, demirgazyga tarap geriş-geriş bolup uzalyp gidýän bolarlydy. Men ýanyma tüpeň, sapança, birem därili guty alyp, şaýymy tutup, şol baýryň depesine köw salyp, aýlaň-çaýlaň etmäge ýola çykdym. Örän kösenip, uly kynçylyk bilen baýryň çür depesine münen wagtym, men öz keç ykbalymy görüp, birerbet boldum; asyl, dört bir tarapynda deňiz tolkunlary owsun atyp ýatan bir ada düşüpdirin ekenim; allowarrada her ýerden bir somalyşyp, deňizden çykyşyp duran iki-ýeke gaýalyk hem-de günbatar tarapda üç liga daşlykda ýerleşýän, şul ada garanyňda kiçiräk iki sany adajyk bar diýäýmeseň, daş-töwerekde gury ýer göze ilmeýärdi.

Bu adanyň heniz el degmedikdigine, hatda göräýmäne, adam-gara ýaşamaýandygyna hem göz ýetirdim. Häzirlikçe görmedigem bolsam, wagşy ýyrtyjylar hem gürrüňsiz bar bolmalydy. Men süri-süri bolup, uçuşyp ýören guşlary gördüm, ýöne olaryň haýsy görnüşe degişlidigini, bardy-geldi awlaýan ýagdaýymda etiniň iýmäge ýaramlydygyny, däldigini hem bilmeýärdim. Baýyrdan düşüp gelýärkäm, tokaýyň çetinde beýik agajyň üstünde oturan bir uly guşy tüpeňledim. Men şol atyşy dünýä döräli bäri ilkinji sapar atylan tüpeňdir öýtdüm; sebäbi, tüpeň göçüp-göçmänkä, tokaýyň dumly-duşundan set müň dürli san-sajaksyz guş sürüleri güsürdäp, asmana göterildi; olaryň her haýsysy öz heňinde owaz edişip, jakgyldaşyp-jürküldeşip, şeýle bir gopgun baryny turuzdylar welin, heý, hoşuňa gelsin! Ýöne ol guşlaryň sesleri gulagyma nätanyşdy. Awlan guşum barada aýdanyňda bolsa, men oňa laçynyň bir görnüşimikä diýdim; onuň reňki diýjekmi, çüňki diýjekmi laçynyňka juda çalymdaşdy, ýöne dyrnaklarynyň, penjeleriniň adaty guşlaryňkydan tapawudy ýokdy. Onuň eti maslyk ýaly ekeni, iýip boljak däldi.

Şol açyşlaryma kanagat edip, salyň ýanyna gaýdyp geldim we ýüklerimi kenara daşamaga başladym, günüň galanyny şol iş bilen başagaý bolup geçirdim. Gije näme

edip, näme işlejegimi, hatda nirede ýatyp dem-dynç aljagymy bilmeýärdim. Ýerde ýatybersem-de boljakdy welin, nähilidir bir ýyrtyjy gelip bokurdagymdan agyz uraýarmykan diýip ýöwselledim. Ýöne, soň-soňlar görüp otursam, gorkup oturasy zat ýok ekeni.
Barybir, men kenara düşüren sandyklarymy, tagtalarymy daş-töweregime tegelekläp, örüşdirdim-de, şol gije düşlär ýaly edip, çatma meňzeşje sümelge ýasandym. Naharşor barada aýtsam bolsa, hälki guş atan tokaýjygymdan ikiüç sany towşana çalym edip duran jandaryň bökjekläp gaçyp gidendigini gördüm diýmeseň, garnymy otarar ýaly ugur-utga görmeýärdim.
Emma indi men gämide galan, maňa nepi degäýjek biçak köp zady, aýratyn-da, urganlary we ýelkenleri, başga-da, garaz şu ýere äkelip boljak bar akyr-ukurlary alyp gaýtmak barada oýlanyp başladym. Şonuň üçinem eger bir bökdençlik bolmasa, gämä ikinji gezek baryp gaýtmagy ýüregime düwdüm. Iň birinji gopjak harasadyň gämini hökman kül-peýkun edip taşlajagyna gözüm ýetip duransoň, gämiden getirip boljak bar zady tükel daşap gutarýançam, başga işleri bir ýaňa goýmaly etdim. Soňra men saly yzyna alyp gideýinmi, gitmäýinmi diýip öz göwnüme geňeşdim. Ýöne ony äkitmegi göwnejaý görmän, ozalky ýaly, gaýtgyn başlansoň gitmegi ýüregime düwdüm. Emma bu gezek men gözenek çyzmykly köýnegim, zygyr balagym bilen aýagymdaky çepegimden başga eşiklerimi çykaryp, sümelgede goýdum.
Men edil birinji gezekdäki ýaly edip, gäminiň bortuna mündüm; soňra bolsa, täze sal ýasadym. Eýýäm tejribäm ýetik bolansoň, men ony tagaşyksyz edip ýasamadym, onçakly agyr ýük hem ýüklemedim. Şeýle-de bolsa, men barybir derek tutdyryp boljak zatlardan alyşdyrdym; ilki bilen neçjaryň ussahanasynda çüý bilen çytanakdan tümmeklenen iküç sany meşik, bir uly towlaýjy, on-ýigrimi sany palta, iň esasysy bolsa, çalgydaş diýilýän bahasyna ýetip bolmajak abzalyň üstünden bardym. Olaryň barysyny gäminiň tophanasyna degişli başga zatlar, esasan hem, iki-üç sany külüň, muşket oklaryndan doly iki sany çelek, ýedi muşket, ep-eslije därisi bilen ýene-de bir aw tüpeňi, bir torba seçme hem-de bir düwünçek ýaprakly gurşun bilen bilelikde üýşürip goýdum. Ýöne şol soňky düwünçek şeýle bir agyrdy welin, ony göterip, bortdan aşyrmaga güýjüm ýetmedi.
Bulardan başga-da, elime ilen bütin geýim-gejimleri, ýene-de bir ätiýaçlyk ýelkeni, bir torsallançagy, ýorgan-düşekleri aldym. Bulary sala ýükläp, agdarman-ýykman kenara çykardym welin, edil ýagyrnymdan dag aýrylan ýaly boldy.
Kenardan uzakdakam iň bärkisi goýup gaýdan azyklarymy ýyrtyjylar duw-dagyn edendir öýdüp, biraz ätiýaç edipdim, ýöne welin, dolanyp gelen wagtym hiç hili myhmanyň aýak yzyna duşmadym. Ýöne sandyklaryň biriniň üstünde ýabany pişige meňzeş bir jandar joňkaryp oturan eken. Men oňa golaýlaşan wagtym ol hol beýleräk gaçyp, aýak çekdi-de keýerilip duruberdi. Soňra ol gorky-ürki etmän, äwmezeklik bilen çöküne düşüp, indi bolsa, hamana diýersiň, meniň bilen tanyşasy gelýän ýaly ýüzüme çiňerilip seredýärdi. Men oňa tüpeňimi çenedim welin, ol bu herekete düşünmänsoň, maňa barmysyňam diýmän, ýerinden gozganjak hem bolmady. Onsoň men aňrymda arta-süýşe zat bolmasa-da, gysganyp-gysganyp, ahyryn oňa bir bölejik külçe oklap gördüm. Bolsa-da jomart ekenim. Ol külçäniň ýanyna baryp, ysgaşdyrdy-

da, derrew lak-luk atdy, soňra bolsa, aňrysyna ýaran bolarly, «ýene-de beräý» diýýän ýaly maňa delmuryp seretdi. Men monça boldum, ýöne başga zat bermedim, ol hem selk-selk edip öz ýoly bilen gidiberdi.

Ikinji ýükümi hem kenara getirip düşürenimden soň, därili çelekleriň agzyny açyp, olary bölekläp daşamaga mejbur boldum, sebäbi ol çelekler mähnet uly bolansoň, juda agyrdy. Şondan soň, men ýelkenlerden hem-de ýörite şol maksat bilen tokaýdan kesişdirip getiren syrdam şahalarymdan kiçijik çadyr gurnamaga başladym. Günüň ýa-da ýagşyň astynda zaýalanyp biljek ähli goş-golamlary çadyryň içine daşadym. Adamlaryň ýa-da ýyrtyjy haýwanlaryň duýdansyz hüjüm etmeginden goranmak üçin, boş ýatan sandyklar bilen çelekleri çadyryň daş-töweregine üsti-üstüne münderläp, aýlap çykdym.

Şol işi birýüzli edip, gapynyň daş ýüzüne bir boş sandygy dikligine söýäp goýdum, iç ýüzünden bolsa tagtalary germeşdirdim. Soňra ýere düşek ýazynyp, iki sany sapançany başujumda, tüpeňimi bolsa gapdalymda goýdum. Bu halas bolanymdan bäri ilkinji gezek ýorgan-düşekde ýatyşymdy. Telim günüň ýadawlygyndan ýaňa halys bolup, gözüm bürlüp duransoň, uzakly gije hezil edip ýatypdyryn. Sebäbi düýn gije örän az uklap, ertirligi bolsa, günuzyn gämiden şonça goş-göteli sala ýükläp getirip, olary kenarýakada üýşürip goýmak üçin dik aýak üstünde gatyr ýaly işläpdim. Indi näme gerek diýseň tapdyrýan bimöçber uly ammarym bardy, ýeke adam henize çenli munça zat ýygnan däl bolsa gerek. Ýöne bular entek gözüme az görünýärdi; şindi gämi şol öňki bolşuna abat durka, men alyp boljak ähli zatlary beýläme geçirmek hökman diýip hasapladym. Şonuň üçinem her gün gaýtgynyň başlaryna mähetdel men gäminiň bortuna münüp, aňry-bäri daşap başladym. Esasan hem, üçünji gidişimde duş gelen urgandyr ýüpleri, inçe kendirleri, olardan başga-da ýelken ýamamak üçin ulanylýan bir top kendir matany, ozalky sapar gämide galdyryp gaýdan içi öl därili çelegimi kenara äkeldim. Bir söz bilen aýdanyňda, men ýelkenleriň birini goýman sypyryp alyp, çadyra getirdim; ýöne olary kesişdirip, bölek-bölek edip daşamaly boldum; çünki olar ýelken hökmünde indi derde ýarajak däldi, ýöne mata hökmünde welin tüýs maňa geregidi.

Emma göwnümi göterip, ganat beren zat iň soňunda ekeni. Şeýdip gämä bäş-alty ýola gidip gelip, indi-hä gämide alara-goýara zat galan däldir diýip pikirlenip otyrkam, men atdanlykda içi külçeden dykylyp doldurylan äpet çelek, üç sany romly çelek, bir guty şeker bilen bir çelek ýokary hilli bugdaý ununyň üstünden baraýmanmy! Meniň begenjimiň çägi bolmady, sebäbi indi gämide suw degip zaýalanandan başga azyk önümi bardyr öýdüp kelläme-de gelmeýärdi. Men mähetdel etmän çelekdäki külçeleri çykaryp, ýelkene dolap, telim düwünçek edip daňyşdyrdym. Garaz şeýdip olaryň hemmesini başybitin kenara getirip düşürdim.

Ertesi gün men gämä ýene-de bardym. Göterip biläýjek zatlarymy syryp-süpläp, uşlyp ýaly zat goýman, gämini bireýýäm taňkyradyp taşlamsoň, bu gezek tanaplaryň daşyna geçdim. Uzyn tanaplary güýjüm ýeter ýaly edip çapyşdyryp, gämiden iki sany tanap bilen bir labyr urganyny, şeýle hem goparyp bilen demir-dükgülerimi bortuň gyrasyna üýşürdim. Soňra bolsa, şprint ýelkeni bilen bizan-bogaldagyň reýlerini, başga-da dişim ötäýjek nawlary kesip, çapyp, olardan uly sal ýasagada, hälki agyr

ýükleriň barysyny şonuň üstüne mas ýükläp, kenara alyp gaýtdym. Emma bu gezek meniňki ugruna bolmady; meniň salym şeýle bir tagaşyksyzdy, üstüne şeýle bir agyr ýük urulgydy welin, men öňki gezekler ýükleri düşüren aýlagjygyma giren mahalym, ony ozalkylar ýaly çalasynlyk bilen ugrukdyryp bilmän, çamalagym çaşdy. Şeýdibem, sal agdarylydy, menem ýüküm zadym bilen bilelikde suwa gaçdym. Özüm barada aýtsam, bitimiň burny ganamady, çünki ýykylan ýerim kenara ýakyndy; ýöne ýük barada aýtsam bolsa, onuň agramly bölegi, esasan hem, maňa uly kömegi deger diýip tama eden demir abzal-gurallarym suwuň düýbüne çümüp gitdi. Her niçik-de bolsa, daşgyn yza çekilen wagty, men tanaplaryň köpüsini, az-kem demir abzallary itiň gününi görüp, kenara daşap çykdym; her gezek suwa çümüp, elim bilen ýer sermäp ýörmek meniň halys haýymy alyp, ysgyndan düşürdi. Şondan soň, men gün yrman gämä gatnap, hiç bir zady dannaman öz mesgenime daşadym.
Ada gelip düşenime ylaýyk on üç gün bolupdy, şu çaka çenli gämä on bir gezek baryp gaýdyp, bir jübüt adam eliniň daşap biljek bar zadyny kenara getiripdim. Eger howanyň asudalygy bozulman duran bolsady, onda tutuş gämini bölek-bölekden arkaýyn daşap gutarardym. Ýöne, on ikinji reýse gitmäge taýýarlanyp ýören wagtym, şemal turup ugrandygyny gördüm. Barybir, men gaýtgyn başlansoň, ýene-de gämä mündüm. Men kaýutany elek-soky edip dörüp çykandygym sebäpli, indi idili zat duşar öýtmän durkam, birdenkä iki sany çekerli bir şkafjygyň üstünden bardym; çekerleriň birinden üç sany päki, ullakan gaýçy hem-de on-oniki sany pyçakdyr çarşajyk; beýleki çekerden bolsa, jemi otuz alty funta barabar ýewropa we brazil teňňeleri, az-kem piastr hem-de altyn-kümüş çykdy.
Bu pullary görenimde, men öz ýanymdan ýylgyryp: «Päheý-de welin! — diýip goýberdim, — sen nämä derkar diýsene? Sen gyzan bazarda gara pula geçjek däl, egilip, ýerden götereniňe degmeýärsiň. Şu pyçaklaryň ýekejesi tutuş topbagyňdan müň esse gowy. Sen nä gara-görgim diýsene; ýatyber şol öňküje ýeriňde, isleseň dik-başaşak deňziň düýbüne bök, menden saňa haraý bolmaz!» Ýöne, birsellem böwrüme diň salyp duramsoň, teňňeleriň barysyny bir bölek ýelkene dolap, ýanyma aldym. Soňra sal ýasamaga hyýallanyp, işe çemeleşen mahalym, asman garalyp, kenarýaka tarapdan şemal öwüsmäge başlady. On bäş minutdan onuň yzy örän güýçli ýele ýazdy. Ýel kenar tarapdan öwsüp durka, sal ýasan bolup oturmagyň bihuda boljakdygyna basym düşündim. Tolkunlar beýgelmänkä, hökman kenara baryp ýetmegim zerurdy, ýogsam kenara aşyp bilmezligim gaty ähtimaldy. Şeýlelikde, men özümi suwa oklap, gämi bilen çägeli kenaryň aralygyndaky suw zolagyndan ýüzüp geçdim. Bir görseň ýanyma alan akyr-ukurlarym, bir görseňem gabat-garşymdan urýan tolkunlar, garaz, ýüzüp geçmek maňa hupbat baryny berdi. Ýel bolsa sähel salymda güýjäp, heniz daşgyn ýokary galmanka, harasada öwrüldi.
Ýöne ol wagta çenli men eýýäm çaklaňja çadyrymda, bar baýlygymy daşyma üýşürip, arkaýyn ýatyrdym. Uzak gije dynuwsyz gaý turdy. Ertesi jahan ýagtylyp, gün dogansoň, seredip görsem gämiden nam-nyşan galmandyr! Men birbada howpurgajak boldum, ýöne gämidäki gerekli zatlaryň barysyny wagt ýitirmän, haýal-ýagallyk etmän alyp gaýdandygym ýadyma düşüp, ýüregim ynjaldy. Hakykatdan

hem, has köp wagtym bolsa-da, barybir indi gämide meňki bolsun diýer ýaly suwytly zat galmandy.
Şondan beýläk men gämi barada, onda galan uşak-düşek närseler barada pikirlenmämi goýdum. Ýöne tolkunlaryň onuň galan-gaçan böleklerini kenarýaka çykaryp taşlan bolmagy hem mümkindi. Hakykatdan hem kenarýakada gäminiň her tüýsli agaç-ugaçlary dagaşyp ýatan ekeni, emma olaryň maňa onçakly peýdasy degmedi.
Bardy-geldi ýabany adamlar tapylsa, ýa-da eger adada wagşy haýwanlar ýaşaýan bolsa diýip, indi meniň bar oý-pikirim şolardan özümi goramak barada boldy. Men uzak wagtlap «nähili edip goranmaly, nähiliräk öý gurunmaly — ýeri köwüp, gowak gazynmalymy, ýa-da ykjam bir çadyr gurnamalymy» diýip kelläm halys huma döndi. Ahyrsoňy, men şolaryň ikisini hem gurmaly diýen netijä geldim. Öýümi guruşym barada gürrüň berip, ony birneme suratlandyrsam kem bolmazmyka diýýärin.
Şu wagtky oturan ýerimiň ýurt tutunmaga ýaramly däldigine men basym göz ýetirdim, sebäbi ol deňziň edil alkymyndaky batgalyk çöket ýerde ýerleşýärdi. O taýy saglyga-da zyýanly bolarlydy. Ýöne, iň esasy zat, — onuň gara-görnüminde süýji suw ýokdy. Şeýle bolansoň, men saglyga we ýaşamaga has çemeli mesgen gözläp tapmagy ýüregime düwdüm.
Men häzirki ýagdaýymda öý üçin derwaýys bolup durýan birnäçe meseläni göz öňünde tutdum: birinjiden, ol süýji suwly, saglyga oňaýly ýerde bolmalydy; ikinjiden, günüň jöwzasyndan goramalydy; üçünjiden, ol meni isle adam bolsun, isle haýwan, her tüýsli wagşy ýyrtyjydan penalamalydy; dördünjiden bolsa, ol ýerden deňiz görünýän bolmalydy, çünki Alla garaşyk edip, bu adanyň üstünden bir gäminiň ýoly düşäýse, halas bolmak mümkinçiligini elden gidermeli däldim. Men halas bolmakdan entekler rişdämi üzerli däldim.
Şulara kybap gelýän ýer gözläp ýörşüme, ýokaryk beýgelip gidýän bir baýryň ýapgydynda kiçiräk tekizlige duş geldim. Baýryň şol tekizlikden ýokarlygyna galýan eňňidi edil kert diwar ýaly abanyp duransoň, ýokardan aşak togalanyp gaýtjak zat ýokdy. Şol kert eňňidiň böwründe azajyk opurylyp, edil gowagyň girelgesine ýa-da agzyna çalym edip, bir köwek garalyp durdy, ýöne gaýanyň içine girip gidýän hiç hili gowak ýa-da sümelge ýokdy.
Men ana şol köwegiň öňýanynda gök otlaryň ösüp oturan ýerine öz çadyrymy gurmagy ýüregime düwdüm. Bu meýdançanyň ini ýüz ýard, uzynlygy bolsa, iki ýüz ýard töweregidi, ol çadyr gurjak ýerimiň öňünde gül-pürçük çemenzarlyk bolup ýaýylyp ýatyrdy; meýdançanyň aýagujunda bolsa, baýyr deňziň ýakasyndaky çöketlige tarap bisydyrgyn peselip gidýärdi. Ol baýryň demirgazyk-günbatar tarapyndaky ýapgytda ýerleşýärdi. Şonuň üçin, gün aýlanyp, tä günorta-günbatara geçýänçä, ýagny, şol adada gün ýaşar uçurlaryna çenli, bu künjek uzakly günläp ýalynly epgekden goralýardy.
Çadyr gurup başlamazdan öňinçä, men köwegiň öňünden radiusy gaýa çenli on ýarda ýetýän, iki gapdalynyň arasyndaky diametri ýigrimi ýarda barabar bir ýarym tegelek çyzdym.

Syrdam agaç sütünlerini şol çyzygyň uzaboýuna iki hatar edip dikdim-de, çuň edip ýere kakdym. Ýerden bäş ýarym fut ýokaryk saýlanyp duran şol sütünleriň uçlaryny ýiteldip çykdym. Iki hataryň arasy alty dýuýmdan giň däldi.

Soňra men gämiden kesip äkelen tanaplarymy aldym-da, üsti-üstüne seteran goýuşdyryp, ýaňky iki hatar sütüniň aralygyny çür başyna çenli dykalap dolduryp, aýmança ýasadym. Onuň iç ýüzünden bolsa, uzynlygy iki ýarym futa dagyn ýetýän söýgetleri direşdirip goýdum. Aýmança şeýle bir mäkäm boldy welin, adam hem, ýyrtyjy haýwan hem sümülip ýa-da üstünden aşyp biljek däldi. Bu iş, esasan hem, tokaýa gidip pürs çapmak, olary gurluşyga çenli getirmek hem-de ýere kakyp çykmak juda köp wagtymy alyp, halys sütünimi süýndürdi.

Bu howla girmek üçin men gapy däl-de, eýsem haýatyň üstünden oklanýan keltejik merdiwan ýasadym; içerik giren wagtym, merdiwany aýryp goýsam bolanydy. Şeýlelikde, öz pikir edişimçe, men berkitmäniň içinde daşarky dünýäden birkemsiz goragly halda, gije parahat uka gitdim, başgaça bolanda eýdip arkaýyn ýatyp bilmezdim. Emma, soňundan ýüze çykyşy ýaly, waswasa düşüp, hyýalymda döreden duşmanlarymdan goranjak bolup, munuň ýaly ätiýaç etmegiň hajaty hem ýok ekeni.

Men muşakgat baryny çekip, öz baýlyklarymy, azyklarymy, ýaraglarymy hem-de öň sanap geçen goş-golamlarymy şol aýmança ýa-da gala daşadym. Soňra şol ýerlerde ýylyň belli bir möwsüminde örän güýçli ýagýan çagbaly ýagyşlardan goranmak üçin, köwege ýanap, iki gat uly bir çadyr gurdum. Ýagny, ilki bilen kiçeňräk çadyr, onuň daşyndan bolsa, has uly çadyr gurdum. Onuň çür depesini bolsa ýelkenler bilen bilelikde gämiden alyp galan, smola siňdirilen brezentim bilen basyrdym.

Şondan beýläk men kenarýakadan alyp gelen düşejigimde däl-de, birwagtlar gämi kapitanynyň kömekçisine degişli bolan ajaýyp torsallançakda ýatmaga başladym.

Men bar azyk-owkatlary we ýagyş ýaganda zaýalanyp biljek hemme zady çadyryň içine saldym. Şeýdip ähli goşlarymy jaýba-jaý tertiplänimden soň, şol çaka deňiç açyp goýan girelgämi jebis yapdym, we öň aýdyşym ýaly, keltejik merdiwan bilen girip-çykyberdim.

Men bu işleri boldum edip, gaýanyň böwründen gowak gazmaga girişdim. Gowagy gazyp gutaramsoň, köwläp çykaran daşdyr gum-keseklerimi çadyryň içi bilen çekip, howla eltip döküşdirdim. Onsoň olary tekizläp ýazyşdyryp çykdym welin, howlynyň teýi bir ýarym futa golaý beýgeldi duruberdi. Indi çadyryň dek arkasynda duran bu gowak şondan soň öýümiň ýerkümesi bolup hyzmat etdi.

Şu işleriň barysyny birkemsiz sünnäläp dynýançam ençeme günläp agyr zähmet çekmeli boldy. Indi bolsa, şol aralykda oý-pikirimi eýelän birnäçe zatlar barada gürrüň edip bereýin. Entek çadyr gurnap, gowak gazmaga hyýallanyp ýören mahallarym, birdenkä asmanda goýry gara bulutlar ýygnandy-da, gök gümmürdäp, aýylganç ýyldyryp çakyp, yzyndanam aldajy ýaly çabga guýup başlady. Men ýyldyrymdan kän bir gorkmadym, ýöne welin beýnimde ýyldyrymdan beter bolup çakan pikir ýüregime agzyma getirdi: «Därili çelekler!» Ýyldyrymyň ýeke urgusynda bar därili çelekleriň partlap, külüniň göge sowruljagy göz öňüme gelende ýüregim tary üzülen dek boldy. Diňe bir özümi goramak däl-de, eýsem aw awlap, azyk edinmek hem dolulygyna ok-därä baglydy. Öz janyma nähili howp abanjakdygy

hakda pikir hem etmeýärdim, eger därä ot düşen bolsady, onda näme bolanyny aňşyrmanam galardym.
Şol waka maňa şeýle bir güýçli täsir etdi welin, tupanyň sowularyna mähetdel, men öý gurunmak, ony berkitmek boýunça ähli işimi taşladym-da, därini bölekläp guýuşdyrmak üçin meşikdir guty taýýarlamaga girişdim. Herhal hemme däriniň birden ot alyp, ýarylmazlygy üçin ony dürli ýerlerde azajyk-azajykdan ýygnap goýmagy karar etdim. Biri-birine degmän duransoň, bir bölek därä ot düşäýende-de, beýleki bölekler abat galjakdy. Men bu işi iki hepde çemesi wagtda gutardym. Jemi agramy iki ýüz kyrk funta ser salýandyr diýip çak edýän därilerimi pesinden ýüz bölege bölüp, meşiklere, gutylara salyp goýdum. Men öl därili çelekden hiç hili howatyr etmän, ony özümçe «aşhana» diýip at berýän gowagyma eltip saldym. Müşekler bilen gutulary bolsa, gaýalaryň çyg çekmejek bukuja jaýryklaryna dykyşdyryp gizledim-de, şol ýerlere örän seresaplyk bilen çelgi goýup çykdym.
Şu aladalar bilen gümra bolup ýören wagtymda, men ünsümi bölüp, göwün açmak hem-de nahar-şam bişirmäge ýaramly aw awlamak üçin günde iň bolmanda bir sapar elim tüpeňli gezelenje çykýardym. Adada nähili ösümlikleriň, agaçlaryň ösýändigi bilen-de tanyşasym gelýärdi. Men eýýäm ilkinji gezelenjimde adada geçileriň ýaşaýandygynyň üstüni açdym oturyberdim. Muňa begenjimden ýaňa iki bolup bilmedim, ýöne içiňi ýakaýyn diýýän ýaly, olar biçak ýüwrük, juda sarçdan gelen duýgur janawerler ekeni, asyl, garaňy gördükleri bes, gaçyp ummadan çykýarlar, eger-eger zygam etdirmeýärler. Emma bu meni ruhdan düşürmedi; ahyr bir gün ol geçileriň birini kaklajagyma gözüm ýetip durdy. Ahyryn şeýle-de boldy. Bir gün men bularyň üýşýän otlagyny tapdym-da, assyrynlyk bilen olaryň edähetlerini aňtap başladym. Geçiler gaýalyklaryň üstünde imisala gezişip ýörkäler, men haçan jülgäniň içi bilen bukdaklap barybersem, ýaňky zaluwatlar derrew tebil tapyp, gözden gaýyp bolýardylar; onsoň men geçiler jülgä otlamaga düşen wagtlary gaýalary bagyrtlap, assaja süýşenekläp, ýakyn aralyga baryp gördüm welin, olar äwmän gökje otlary gütürdedip ýörler. Muny görüp şeýle netijä geldim: bu janawerler diňe aşakdaky zatlary görýärdiler, özlerinden ýokarrakdaky närseleri bolsa kän bir saýgaryp bilmeýärdier. Şondan soň men şeýle usula ýüz urdum: men hemişe golaýdaky gaýa dyrmaşyp, usul bilen geçileriň dik ýokarysyna çenli ýapyrylyp bardym, şonda olar diýseň gowy nyşana boldy.
Men birinji atan okum bir owlakly geçini öldürdi, ol geçiniň heniz süýtden aýrylmadyk owlagyny görüp, gaty haýpym geldi. Owlajyk enesi gürpüldäp ýykylansoň, onuň ýanynda gymyldaman duruberdi. Enesini egnime atyp, howlyma bakan ýöräp gaýdan wagtym, owlajygam dikgirdäp yzyma düşdi. Şeýdip biz howla çenli gelip ýetdik. Onsoň men geçini ýere düşürip, owlajygy elime aldym-da, haýatdan aňryk geçirdim. Owlagy eldeki edip ösdürmegi umyt edýärdim, ýöne entek otugmandygy üçin, soň ony söwüş edinmeli boldum. Geçi bilen owlagyň eti maňa uzak wagta ýetdi, sebäbi azygymy, aýratyn hem, çöregimi tygşytly tutjak bolup, başardygymdan juda az-azdan iýýärdim.
Ýurt tutunyp, ymykly ornaşanymdan soňra, indi ot ýakar ýaly ojak gurmagyň hem-de ýakmaga odun ýygmagyň örän zerurdygyny gördüm. Bu işiň hötdesinden gelşim,

gowagy giňeldişim hem-de amatlyklary döredişim barada men ýeri gelende jikme-jik gürrüň bererin. Ýöne ondan öňinçä özüm barada, şol wagtlar elbetde kellämde hyň berýän birgiden oý-pikirler hakynda aýdyp bereýin.

Meniň ýagdaýym örän tukat görünýärdi. Çünki gazaply gaý-tupan sebäpli, gidip barýan ýolumyzdan doly azaşyp, deňizdäki söwda ýollaryndan ýüzlerçe liga sowa geçip, şu yns-jyns ýaşamaýan çolaja ada gelip düşmegimi, indi şu ýerde ömrümiň ahyryna çenli gaýgy-hasrata gark bolup tenha ýaşamagymy owalyndan maňlaýyma ýazan Allatagalanyň erk-eradasy bilen baglanyşdyrmaga mende doly esas bardy.

Şu pikirleri serimde aýlabersem gözümden boýur-boýur ýaş gaýdýardy, kämahallar bolsa, "Perwerdigär öz ýaradan garawsyz bendelerini nä sebäpden beýle weýran edip, maňlaýyny gara edýärkä, näme üçin munça muşakgata mübtela edýärkä, ýeri, onsoň şu zeýilli ýaşaýşa neneň şükür etmelikän" diýip, öz etimi özüm iýerli bolýardym.

Ýöne, hemişe diýen ýaly bir zat şol pikirlerime böwet bolup, meni kötekleýärdi. Şonda geň bir waka boldy. Bir gün elime tüpeňimi alyp, deňziň boýuny syryp ýöräp barýardym. Başymdan düşen ahwalata akyl sygdyryp bilmän, öz günüme ýanyp barşyma, birdenkä paýhasym başgaça gürläp başlady: «Ýeri bolýar-da, seniň çykgynsyz güne düşendigiň hak. Ýöne bir zady welin berk belle: hany seniň gämideş ýoldaşlaryň nirede? Siz gaýyga on bir adam bolup münmediňizmi; hany onda galan on adam? Näme üçin olar heläk bolup, ala-böle sen aman gutulaýdyňkaň? Şol gowumy ýa-da şu, gowuja oýlan bakaly!» Şol wagt men deňze tarap göz aýladym. Dogrudan-da, ähli towky-belalary onuň içindäki ýagşy närseler bilen bilelikde terezä salmaly ekeni, «her işde bir haýyr bardyr» diýleni-dä.

Şonda aslynda daş ýany bilen gerek-ýaragymyň bardygy hakydama geldi. «Päheý, muňa bir sered-ä, eger gämi ilki çägelige süsdürilen ýerinden gije akyp gaýdyp, ýüz müňde bir ähtimallyk bilen, deňziň gyrasyna ýanaşmadyk bolsady, onda şonça abzal-guraly, azyk-suwlugy nädip kenara daşardymkam? Eger kenara ilkibaşda gelip düşenimdäki ýaly, hiç zatsyz iki elimi burnuma sokup galaýanlygymda bolsam, şu wagt günüme gar ýagyp, halyma it aglardy. Aýratyn-da, — diýip, men öz-özüme seslendim, — tüpeňsiz, ok-därisiz, abzal-guralsyz näme işlärdim? Geýmäge egin-eşiksiz, ýatmaga ýorgan-düşeksiz, kellämi sokmaga çadyrsyz nä hala düşerdim?» Häzir bolsa, şu zatlar mende näçe diýseň bardy. Hatda ok-därim gutaryp, tüpeňsiz galaýanymda-da, öz başymy özüm çarar ýaly ähli üpjünçiligimi sazlap ýördüm. Allaň berenje ömrüni zada mätäç bolman ýaşap biljegime az-kem ynamym bardy. Aslynda, turuwbaşdan nähili kösençlikleriň bolup biljekdigini hasap edip, diňe bir ok-därim tükenmän, eýsem saglygymyň bozulyp, dyzymda gurbat galmajak wagtlaryny hem göz öňünde tutup, aladamy edip başlapdym.

Boýnuma alaýyn, därili çeleklerimiň ýekeje partlamada püçege çykmagyndan, has dogrusy, olaryň üstüne ýyldyrym düşüp, külüniň göge sowrulmagyndan howatyr edýärdim. Şonuň üçin-de şu wagtky ýaly gök gümmürdäp, ýyldyrym çakyberse, ýüregime howul düşüp, inim tikenekläberýärdi.

Indi bolsa, megerem, şol wagta deňiç dünýäde görlüp-eşidilmedik imisala ýaşaýşyň gamgyn keşbine gadam goýýandygym üçin, şol hekaýatymy başdanaýak yzygiderli gürrüň bereýin. Meniň hasabym boýunça, ilkinji ýola şu elhenç ada 30-njy sentýabr

güni aýak basypdym. Şol wagt gije-gündüziň güýzki deňleşmesi bolansoň, gün süýr depämden geçýärdi; şony çaklap eden gözegçiligime görä, ada ekwatordan 9 gradus 22 dereje demirgazykda ýerleşýän bolmalydy.

Adada ýaşap ýörenim bäri on-on iki gün geçensoň, birdenkä kitapdyr ýelekgalam bilen syýa ýokdugy sebäpli, wagtyň hasabyny ýitirip, ahyrsoňy hatda ýekşenbe günlerini hem ýatdan çykarmagymyň mümkindigi barada pikir kelläm geldi. Muňa ýol bermezlik maksady bilen, men başda kenara çykan ýerime bir ýogyn pürsi togalap eltip dikdim-de, ýene bir tagtanyň ýüzüne baş harplar bilen «Men 1659-njy ýylyň 30-njy sentýabr güni şu kenara aýak basdym» — diýip, pyçak bilen köwüp ýazaga-da, ony haç ýaly edip, atanaklap ýaňky pürse çüýledim.

Şol sütüniň böwrüne her gün pyçagym bilen bir kertijek goýup ugradym; alty sany kertikden soň ýedilenjini ýekşenbe güni hökmünde has uzyn edýärdim; her aýyň birinji kertigini bolsa ondanam uzyn edip goýýardym. Şeýlelikde, günleri, hepdeleri, aýlary we ýyllary öz içine alýan senenama ýöredip başladym.

Eýýäm aýdyşym ýaly, birnäçe ýola gatnap, gämiden daşan bir topar goşlarymyň arasynda, onçakly gymmatbahaly däldigi üçin, şu wagta çenli agzamadyk zatlarym hem köpdi we olaryň maňa uly kömegi hem degdi. Meselem, kapitanyň, onuň kömekçisiniň, topçynyň we agaç ussasynyň kabinalaryndan birnäçe ýelekgalam, syýa, petde-petde kagyz, üç-dört sany kompas, telim sany matematiki enjam, gün sagatlary, dürbüler, geografiki kartalar we nawigasiýa hakdaky kitaplar çykdy. Men olaryň hemmesini gerek bolsa-bolmasa üýşürip, bir sandyjaga saldym. Angliýadan getirdip, ýanyma alan goşlarymyň arasynda bolsa, üç sany örän ajaýyp Injil kitaby bar ekeni. Bulardan başga-da, men portugal dilinde ýazylan birnäçe kitabyň, şol sanda ikiüç sany katoliki doga-dileg kitabynyň we ýene şoňa meňzeş kitaplaryň üstünden bardym-da, olaram pugta ýygşyryp goýdum. Ýogsa-da, gämide bir it bilen iki sany pişigiň hem bolandygyny ýatlap geçeýin, maý tapsam, bu jandarlaryň adadaky geň-enaýy ýaşaýyşlary barada hem kem-käs gürrüň bererin. Pişikleri sala mündürip alyp gaýdypdym, it bolsa, meniň gämä birinji gidişimiň ertesi güni jülpüldäp, özüni suwa urdy-da, yzym bilen ýüzüp gaýdyberipdi. Ol köp ýyllap maňa wepaly hyzmat etdi. Guýrugyny bulaýlap, agzy bilen odujak-budujak äkelip berýärdi, ýekesiremez ýaly maňa ýoldaş bolýardy. Men welin bu dilsiz janaweriň dil açyp, gümür-ýamyr etmegini näler arzuw edýärdim. Eýýäm belläp geçişim ýaly, men gämiden ýelekgalam, syýa hem-de kagyz tapyp alypdym. Olary eşrepi ýaly eý görüp saklaýardym. Men syýanyň iň soňky damjasyna çenli sarpaly ulanyp, bar zady bolşy-bolşy ýaly ýazyp çykdym; ýöne, ol gutaransoň welin, ýazgylarymy bes etmeli boldum, sebäbi her hili täre ýüz ursam-da, syýa ýasap bilmedim.

Şunça hil-hil abzal-serişdäni jemläp goýandygyma garamazdan, syýadan başga-da maňa entejikler köp zadyň zerur boljakdygyna göz ýetirdim; ýeri gazmak ýa-da mellek işlemek üçin ne-hä pil, kerkidir kätmen bardy, ne-de tikin-çatyn üçin iňňe-sapak. Egin-eşigiň bolsa, düşnügi hem ýokdy, ýöne kän bir kösenmän, şonsuz oňňut etmegi welin basym öwrendim.

Gurallaryň ýetmezçiligi sebäpli bar eden işlerim juda haýal we agyr boldy. Agaç haýatjygy gurup, öýümiň daşyna aýmança aýlap gutarýançam, tas arly ýyl gerek

boldy. Tokaýa girip, agyrlygy biliňi uçuryp gelýän ýognas nawlary, gazyklary çapyp, pudarlap, yzyndanam süýräp öýe getirmek örän köp wagta çekýärdi, hatda käte şol nawlaryň diňe ýekejesini çapyp, öýe äkelýänçäm iki gün gerek bolýardy, çukur gazyp ýere kakýançam bolsa, üçünji gün geçip gidýärdi. Men gazyk kakmak üçin ilkibaşda bir agyr taýak ulandym, soňra bolsa, gämiden äkelen demir külüňlerim ýadyma düşdi, bu meniň ýükümi ýeňletse-de, barybir gazyklary ýere kakyp çykmak örän surnukdyryjy, güzaply iş boldy. Ýöne men muňa biynjalyk bolmaýardym, näçe diýseň wagtym bardy, gurluşyk işleri gutaransoň barybir başga edere işim ýokdy ýa-da iň azyndan meniň hyýalyma gelmeýärdi. Emma, azyk gözlemek üçin gün yrman diýen ýaly adada köw-söw edýärdim.

Şol arada, men öz ýagdaýym hem-de başyma düşen ahwalatlar barada çynlakaý oýlanyp ugradym we hal-ýagdaýymy ýazmaga girişdim, meniň gara-gaýgym ýeldirgän dek her günki pikirlerimi taraşlap, özümden soň bu jelegaýlara ygyp düşäýmegi ähtimal iki-ýeke biçäre bendä ýatlama galdyrmak däldi. Pähim-paýhasym lapykeçlikden rüstem gelip başlansoň, men başardygymdan öz-özüme göwünlik berýärdim, öz ahwalymy has beterlerinden aýyl-saýyl etmek üçin ak bilen garany, gowulyk bilen erbetligi aýralap başladym. Men ýüz görüp gapyrga syryp oturman, edil algydar bilen bergidar ýaly, alaga-da, şatlykly we gynançly ýagdaýlarymy beýan etdim. Ine, ol şeýleräk:

Erbet:

Gowy:

Men çolaryp ýatan elhenç ada düşdüm, hiç hili halas bolaryn umydym ýok.

- Ýöne men diri, gämidäki ýoldaşlarymyň barysy gark boldy, bir men halas boldum.
- Dünýädäki şunça adamyň arasyndan ala-böle men şu külpete sezewar boldum.
- Emma gäminiň tutuş ekipažynyň arasyndan bir men ajal meýini içmän galypdyryn, diýmek, meni ölümden gudrat bilen alyp galan kim bolsa, Şol hem meni şu wagtky ýagdaýymdan halas edip biler.
- Men bir adam oglundan örki üzülen, adamzat jemgyýetinden mahrum edilen terkidünýä.
- Emma, men açlyk çekip, azyk-suwluga zar bolup, bu çola ýerde guma siňip gitmedim.
- Egnime atar ýaly ibaly bir şylham ýok.
- Emma, bu ýeriň klimaty yssy, geýim-gejim bolaýanda hem, arkaýyn geýip biljek gümanym ýok.
- Men adamlaryň ýa-da ýyrtyjy haýwanlaryň hüjüminden goranmaga ýagdaýym hem ýok, serişdäm hem.
- Emma, gelip düşen adamda Afrikanyň kenarynda görenim ýaly towugyma tok diýjek ýekeje ýyrtyjy haýwan hem ýaşamaýar. Gämim şol ýerde gark bolup, kenara çykan bolsam halym niçik bolardy?
- Bu ýerde hemsöhbet bolup, göwnüme hossa bolar ýaly hiç kim ýok.

- Emma, keremli Alla aklyňy haýran edip, biziň gämimizi kenara şeýle ýakynladyp goýupdyr welin, men diňe bir ölmez-ödi günümi görer ýaly zerur närseleri däl-de, eýsem tä ömrüm paýawlap, kazam dolýança güzeranymy dolarym ýaly ähli mümkinçilikleri hem edindim.

Şularyň barysyny mähek daşyna uranyňda, şu zeýilli erbet ýagdaýyň dünýäde juda seýrek duş gelýändigi mese-mälim subut edilýärdi, emma her bir erbet zada derek hökman şükür eder ýaly bir gowy zat bardy. Dünýädäki iň agyr betbagtçylyklardan edinýän tejribelerimize esaslanyp, ahyr soňunda şeýle bir ýörelgä gol berýäris: ýagny, betbagtçylygyň içinden hem ýüregimize aram berýän närseleri tapyp, ýagşyny-ýamany terezä salanymyzda, şol närseleri tereziniň bizlik tarapyna goýup bilýäris.

Şeýlelikde, göwnüm az-kem ynjalyk tapyp, öz ýagdaýym bilen öwrenişip başladym. Nähilidir bir gämi gözüme iläýmezmikä diýip, zol-zol deňze bakan esewan etmämi hem goýdum; gepiň külesi, bu zatlardan ýaňa ýasy ýanym ýerde bolansoň, öz ýaşaýyş şertlerimi gowulandyrmagyň we gündelik hysyrdylarymy başardygymdan ýeňilleşdirmegiň ugruna çykdym.

Men öz mesgenim barada eýýäm gürrüň beripdim. Çadyrym kert gaýa böwrüni berip otyrdy, onuň degre-daşyny bolsa, syrdambitin pürsler bilen tanaplardan gurlan agaç haýat gabsap durdy. Ýöne bu haýata indi diwar diýsem has jüpüne düşer, sebäbi, onuň daş ýüzüne jebis ýanap, galyňlygyny iki fut çemesi edip bajakly gum galdyryp çykdym. Şondan esli wagt (ýadyma düşüşine görä, ýyl ýarym) geçensoň, men onuň üstüne uzyn nawlary goýup, dagyň eňňidine söýedim, nawlaryň üstüne bolsa, agaç şahalaryny oklaşdyryp, çöp-çalam bilen ymykly basyrdym. Şeýdip, men ýylyň belli döwürlerinde juda gazabyna tutýan ýagyş-ýagmyrdan penalanar ýaly howlyma üçek ýasadygym boldy.

Hemme goş-kötelimi şu howla hem-de arka tarapdan köwen gowagyma çekendigim barada ozal aýdyp beripdim. Ýöne ýene bir belläp geçmeli zat, ilkibaşda goşlar terslin-oňlyn münderlenip ýatyrdy. Olar bulam-bujar bolup bar ýeri tutup duransoň, asyl ýöne, eýläňe-beýläňe aýlanyp-öwrülere maý ýokdy. Şony nazarda tutup, gowagymy has-da aňrylygyna köwüp giňeltmäge girişdim. Sebäbi, dagyň şol künji çägesöwden ýumşakdy, işledigimçe ol ap-aňsat opurylyp barýardy. Şeýdip, adada janyma howp saljak ýyrtyjy haýwanlaryň ýokdugyna-da ymykly göz ýetirenimden soň, men sag gapdal tarapa — gaýanyň jümmüşine bakan gazyp başladym. Onsoň, şol ugur bilen ep-esli ýol ýasap köwdüm-de, ýene sag tarapa bakan ötelge gazyp, howlymyň, has dogrusy, berkitmämiň daş ýüzünden dagy böwsüp çykdym. Ol diňe bir çadyr bilen ammara arkaýyn girip-çykmaga mümkinçilik berýän gizlin ötelge bolman, eýsem goş-golamlarymy saýhallap goýuşdyrmaga giňiş ýer hem döretdi.

Soňra mähetdel etmän, iň bir zerur diýip hasap edýän zatlarymy, öňi bilenem, stol bilen oturgyç ýasamaga girişdim; şolarsyz şu adada nesibäme düşen ujypsyzja eşretleriň-de ibaly mazasy ýokdy; stolsuz ne bir oňly iýip-içip bolýardy, ne-de hat-ýazuw ýa-da başga zatlar bilen meşgullanyp bolýardy. Ine, onsoň ýeňimi çyzgap işe başladym. Şu ýerde men ýene bir zady belläp geçmeli, adamzadyň akyly matematikanyň özeni hem-de gözbaşy bolup durýandygy sebäpli, ähli närseleri akyly bilen kesgitläp, jaýba-jaý rejelemek hem-de iň bir paýhasly netijeleri çykarmak

arkaly islendik adam wagtyň geçmegi bilen islendik senetde ussatlyk derejesine ýetip bilýär. Men ömrümde elime abzal-gural alyp gören adam däldim, emma yhlasym, janypkeşligim, işjanlylygym bilen, onda-da gerekli abzallar bar bolanlygynda, agaç ussaçylygyndan baş çykarjagyma kem-kemden göz ýetirdim. Şonda-da, hatda hiçhili abzal-guralsyz hem ep-esli zat ýasadym; olaryň aglabasyny belkem henize — bu güne çenli görülmedik usul arkaly, diňe birje paltadyr rende ulanyp, köp zähmet sarp edip taraşladym. Meselem, diýeli maňa tagta gerek bolan wagty, hökman bir agajy çapyp, kese ýykmakdan, tä mazaly ýasylaşyp, ýukalýança onuň iki tarapyny palta bilen ýonup taslamakdan hem-de rendeläp ýylmamakdan başga alajym bolmaýardy. Dogrusy, şol usul bilen tutuş bir agaçdan ýekeje tagta çykaryp bilýärdim; ýöne ýeke tagta ýasamak üçin sarp edýän ummasyz köp wagtym bilen zähmetime derek diňe sabyr etmekden başga elimden geljek zat ýokdy, emma wagtym bilen zähmetim bigadyr bolansoň, olary nämä sarp edenimde hem kän bir parhy boljak däldi.

Şunlukda, öňem aýdyşym ýaly, ilki bilen stol bilen oturgyç ýasandym. Munuň üçin sala ýükläp gämiden alyp gaýdan keltejik tagta böleklerimden peýdalandym. Ýokarda düşündiren usulym bilen tagta baryny taraşlanymdan soň, ini bir ýarym futluk ýasy tekjelerden ýasaşdyryp, gowagymyň bir gapdalyna uzaboýuna üst-üste diwara kakyşdyryp çykdym we öz gurallarymy, çüýleridir demir-dükgüleri şolaryň üstüne ýerleşdirdim. Garaz, şeýdip onda-munda pytrap ýatan zatlary ýerbe-ýerläp, aňsat tapylar ýaly edip goýdum. Tüpeňlerimi we başga-da asylmaly zatlarymy asyşdyrmak üçin gowagyň diwaryna gazyjaklary hem kakdym. Şol wagt, gowagymy adam-gara gören bolsady, onda hökman ony ähli zerur goş-golamlardan depilip dolduryan ammardyr öýderdi. Barja abzal-enjamlar şeýle bir el ujunda gaýym bolup durdy welin, olaryň şeýlekin rejeli düzülip goýluşyny görmek gözüňi dokundyrýardy; hususan-da näme diýseň tapdyrjak şunuň dek ammarymyň bardygy diýseň ajaýyp wakady.

Şol işi bir ýan ýüzli edenimden soň, her gün näme işleri edendigimi ýazyp, gündelik ýöretmäge başladym. Gündelige giç başlamagymyň sebäbi ilkibaşlarda başymy gaşamaga hem elim degmändi, has beteri hem paýhasym örän bulanykdy. Şol pilleler gündelik tutan bolsam, ol içgysgynç zeýrenişlerden doly bolardy. Aýdaly, meselem, şeýle zatlar ýazardym: «30-njy sentýabr. Gark bolmakdan halas bolup, kenara çykanymdan soňra, ilki bilen deňizde ýuwdan şor suwlarymy ögäp-gaýtaryp, az-kem essime geldim. Ýöne, men halas edeni üçin Gudraty güýçli Allatagala şükür edenden geçen, gaýtam iki egnimden gum sowrup, ýüzümi-gözümi ýoluşdyryp, kenarda iki-baka ylgaşlap, tä usurgap gözüm garaňkyraýança: «Wah, işim gaýtdy-la how!» diýip zowladyp gygyrdym. Ahyryn halys tapdan gaçyp, gumaşakda birsellem çiň-arkan ýazylyp ýatdym; ýöne ýyrtyjylar düýt-müýt ederler öýdüp, gorkyma gözüme uky girmedi».

Men şol günden başlap, hatda gämä şonça gezek gatnap, daşap bilen zadym daşap gutaranymdan soň hem, ençeme günleriň dowamynda özüme erk edip bilmän, gözýetimde bir gämä gözüm düşer diýen umyt bilen, her gün kiçeňräk dag gerşine münüp, deňze tarap gözümi dikip oturýardym. Şonda kämahal uzak gözýetimde akja ýelken görnüp giden ýaly bolýardy-da meni şatlykly umytlar gurşap alýardy. Men

garagym gapylara gezek gelýänçä, şol nokatjyga tarap çiňerilip durýardym. Ol gözden ýitip gidensoň welin, salgyma aldanandygyma içim ýanyp, edil çaga ýaly oturyp, möňňürip aglaýardym.

Ýöne, ahyrsoňy, şol zeýilli umyt-pikirlerden belli bir derejede saplandym. Özüme ýurt edinip, goş-golamlarymy tertibe salyşdyryp, stoldur oturgyç ýasandym, başga gerek-ýaraklaryma-da birlaý serenjam berdim. Ana, şeýdibem, gündelik ýöretmäge gezek geldi. Ýokarda eýýäm gürrüň beren wakalarymy gaýtalaýan-da bolsa, syýam gutaransoň ýazmagymy bes etmeli bolan şol gündeligimi aşakda dolulygyna berýärin.

## V BAP

1659-njy ýylyň 30-njy sentýabry. — Men, betbagt Robinzon Kruzo, elhenç apy-tupan wagtynda gämim gark bolup, şu aýylganç bagtygara adanyň kenaryna gelip düşdüm. Oňa Umytsyzlyk adasy diýip at berdim. Gäminiň tutuş ekipažy suwda gark boldy, men hem tas ölüpdim.

Günüň galan bölegini başymdan inen şum täleýden zeýrenip geçirdim, azyk-suwlugym, sümelgäm, egin-eşigim, ok-ýaragym, gyssaga düşenimde gaçyp gidere ýerim ýokdy; halas bolmakdan umydymy üzüpdim, maňlaýymda diňe ölüp gidibermekden başga ýol görünmeýärdi — meni ýyrtyjy haýwanlaryň tüýtmelemegi, ýabanylaryň öldürmegi ýa-da açlykdan amanadymy tabşyrmagym ýakyn görünýärdi. Gije düşensoň, men wagşy ýyrtyjylardan gorkyma bir agajyň depesine münüp, şol ýerde ýatdym. Uzakly gije ýagyş ýagan hem bolsa, sarsman uklapdyryn.

1-nji oktýabr. — Irden oýanan wagtym, gäminiň daşgynyň akymy bilen gaýdyp, adanyň has golaýyna gelendigini görüp haýranlar galdym. Ol meni bir tarapdan ýüregime ynjalyk berdi, sebäbi gäminiň dik durandygyny, heniz abatdygyny görüp mende umyt döredi. Şemal köşeşensoň, gämä baryp, iýmitdir gaýry zerur zatlary alyp boljakdy; ýöne, beýleki bir tarapdan, heläk bolan ýoldaşlarym ýadyma düşüp, derdim gozgaldy. Eger barymyz gäminiň bortundan düşmän oturan bolsak, onda belkem gämini halas ederdik, halys bolmanda, olaryň hemmesi gark bolup gitmezdi. Şeýle bolanda, megerem, biz gäminiň galan-gaçanlaryndan bir gaýyk ýasap, dünýäniň başga bir künjegine ýüzüp giderdik. Şol pikirleri kellämde aýlap-öwrüp, günüň köp bölegine bihuda geçirdim; ýöne, ahyr soňunda, suw peselip, gäminiň durşuna diýen ýaly guryýerde galandygyny görüp, çägelik kenar gutarýança ýöredim, onsoň suw bilen ýüzüp baryp, gämä mündüm. Şu gün hem dynman ýagyş ýagdy, ýöne hiç hili şemal öwüsmedi.

Oktýabryň 1-nden 24-ne çenli. — Şol günleriň hemmesini gämidäki goş-golamlary, abzal-enjamlary uşlyp ýaly zat galdyrman kenara daşamak bilen meşgullanyp geçirdim. Ýükleri daşgyn başlansoň, sala ýükläp alyp gaýdýardym. Şol günlerde aram-aram howa açylýardy diýmeseň, yzyny üzmän ýagyş ýagdy; ähtimal, bu ýerde şu wagt ýagyşly möwsümdir.

20-nji oktýabr. — Salym üstündäki bar ýüklerim bilen bilelikde suwa agdaryldy; ýöne ol ýer ýalpak ekeni, ýükleriňem köpüsi saldamlyja bolansoň, men gaýtgyn wagtynda olaryň aglabasyny kenara çekip gutardym.

21-nji oktýabr. — Uzakly gün gijesi bilen ýagyş guýdy, hazlap ýel öwüsdi. Gije harasat has-da güýjäp, gämini kül-uşak edipdir; diňe gaýtgyn wagtynda suwuň ýüzüne somalyşyp çykýan galan-gaçan bölekleri diýäýmeseň, indi gäminiň nam-nyşan ýokdy. Bu güni gämiden alyp galan goş-golamlarymy ýagyşda ezilmez ýaly basyryşdyryp, goraglap geçirdim.
26-njy oktýabr. — Uzakly gün kenarýakada gezmeläp çykdym, gijelerine ýabany haýwanlaryň ýa-da adamlaryň çozuş etmeginden goranmagyň alajyny agtaryp, özüme howpsuzja mesgen gurunar ýaly ýer gözledim. Agşam uçurlary ahyryn üstüne gaýa abanyp duran çemelije bir ýeriň üstünden bardym-da, şol ýere ýarym töwerek çyzyp bellik etdim, onuň daşyna iki hatar sütünden haýat ýa-da berkitme aýlap, daş ýüzüne bajakly gum basmagy karar etdim. Hataran sütünleriň arasyna bolsa tanapdyr urganlary dykyp doldurmalydy.
Oktýabryň 26-syndan 30-na çenli. — Zol-zol şabyrdap guýýan çagbanyň astynda halys lütüm çykýança işläp, bar goş-kötelimi täze mesgenime daşadym.
31-nji oktýabr. — Ir säher bilen tüpeňimi alyp, hem-ä aw gözläýin hemem daş-töweregi tanaýyn diýen hyýal bilen ada gezmäge çykdym. Bir geçi awladym welin, owlajygy yzyma düşüp gaýdyberdi, heniz otugmandygy üçin soň ony huruş edinmeli boldum.
1-nji noýabr. — Gaýanyň abanyp duran oýtagynda çadyrymy gurdum, ony başardygymdan giňiş etdim, çadyryň içine iki sany sütün kakyp, torsallançagymy asdym-da, gijäni şonda ýatyp geçirdim.
2-nji noýabr. — Berkitme gurmak üçin ozaldan belläp goýan meýdançamda çadyrymyň daş ýüzüne ähli sandyklary, tagtalary, şeýle hem saldan söküp getiren nawlarymy münderläp, aýmança ýasadym.
3-nji noýabr. — Awa çykyp, iki sany ördege meňzeş guşy tüpeňledim. Olaryň eti biçak süýji ekeni. Öýlän stol ýasamak bilen gümra boldum.
4-nji noýabr. — Şu gün irden işleýän, tüpeňli awa çykýan hem-de uklap dynç alýan wagtlarymy tertibe saldym. Ýagny, eger ýagyş ýagmaýan bolsa, gün dogansoň iküç sagat elim tüpeňli ada gezelenje çykmaly; soňra sagat onbire çenli iş bilen meşgullanmaly; sagat on birde barymdan bazar eýläp, ertirlik edinmeli; howa tüp-yssy bolýandygy sebäpli, sagat on ikiden ikä çenli ýatyp gözümiň awusyny almaly; agşam düşensoň ýene-de işläp başlamaly. Şu günüňem, ertiriňem iş wagty tutuşlygyna stol ýasamaga güýmenmek bilen geçdi, sebäbi men entejikler ussaçylyga gaty ebeteýsizdim. Ýöne, wagt bilen zerurlyk uzak gidirmän meni elinden dür dökülýän ussa öwürdi oturyberdi. Meniň ornumda islendik adam hem bolan bolsa, hökman şeýle bolardy.
5-nji noýabr. — Şu gün tüpeňimi, itimi alyp, awa-şikara çykdym. Bir ýabany pişik awladym welin, derisi mymyjak hem bolsa, etini agzyňa alar ýaly däl ekeni. Öldüren islendik jandarymyň derrew hamyny sypyryp, torbama dykdym. Deňziň ýakasyny syryp, dolanyp gelýärkäm, süri-süri deňiz guşlaryny gördüm, ýöne görnüşlerini anyklap bilmedim. Iki-üç sany düwlen görüp, ilki örän geň galdym, hatda birbada nä jüre zatdyklaryny ibaly aňşyryp bilmän gorkdum diýsemem boljak. Olar hem menden gaçyp, deňze urduryp gitdiler.

6-njy noýabr. — Irdenki gezelençden soňra, ýene-de stol bilen başagaý bolup, känbir synym oturmasa-da, ony boldum etdim. Emma, köp wagt geçmänkä, men ökdeläp, stoluň kakyş-kukuşyny ýetirmegi ele aldym.

7-nji noýabr. — Indi howa açylyşyp ugrady.

7, 8, 9, 10-njy noýabr we 12-nji noýabr irden salkyn (11-i güni ýekşenbedi). — Men oturgyç ýasamaga dümtünip geçirdim. Oňa tagaşyk berjek bolup, baý, kösenmek-kösenendirin-ä. Hatda, ony telim sapar ýere pylçap urdum. Barybir iň soňunda-da ondan göwnüm suw içmedi.

Bellik: Basym ýekşenbe günlerini bellemek ahmalçylyga düşdi, sebäbi ýekşenbe günlerini sütüne bellik etmek huşumdan çykypdyr, indi bolsa, haýsy günüň ýekşenbe bolýandygy ýadyma düşenok.

13-nji noýabr. — Şu gün ýagyş ýagyp, ýerler salkynlady, menem gujurlanyp göwnüm açyldy; ýöne gök elhenç gümmürdäp, garry mama sanajyny kakyberdi welin, därilere uçgun düşer öýdüp, janym bokurdagyma geldi. Harasat sowlansoň, indi howp abanmaz ýaly därilerimi mümkin boldygyndan çaklaňja gaplarda bölüşdirip goýmagy karar etdim.

14, 15 we 16-njy noýabr. — Şu üç gün bir funt, aňry gitse iki funt däri sygar ýaly edip, inedördül sandyjaklary, gutulary ýasaşdyrdym. Soňra därini gaplara guýuşdyryp, biri-birinden mümkin boldugyça uzakdaky howpsuz ýerlere salyşdyryp goýdum. Şol üç günüň birinde eti süýji bir uly guş hem awlap ýetişdim welin, arman, adyny bilip bilmedim.

17-nji noýabr. — Şu gün örimi has-da giňeldip, arkaýynlaşar ýaly, çadyrymyň arka tarapyndaky gaýany köwüp ugradym.

Bellik: Bu iş maňa üç sany zat, ýagny külüň, pil we galtak ýa-da sebet diýseň gerek boldy. Şonuň üçin, men işi bir ýaňa goýdum we şol gurallara derek näme ulanyp boljagy ýa-da olary nädip ýasajakdygym barada kelle döwüp oturdym. Külüňe derek demir lom ulandym, ol agyr hem bolsa elime şaplaşyp durdy. Indi bolsa, pil tapmalydy. Hakykatdan-da, şolarsyz eger-eger gymyldap boljak gümany ýokdy, ýöne olar üçin näme emel etjegimi bilemokdym.

18-nji noýabr. — Ertesi gün tokaýy barlaşdyryp ýörkäm, çendenaşa gatydygy sebäpli Braziliýada demir agajy diýilýän (ýa-da şoňa çalym edýän) bir agajyň üstünden bardym. Men gara-suw bolup, paltamy döwere gezek getirip, ahyrsoňy şol agajyň gunt ýaly agyr bir bölegini çapyp, zordan süýrekläp, öýüme alyp gaýtdym. Ol agaç şeýle bir gaty ekeni welin, nalaç bolamsoň, uzak wagtlap iş edinip, ýonup-kertip, oňa assa-ýuwaş piliň suduryny berip ugradym. Boldum eden wagtym, piliň sapy edil Angliýada ýasalyşy ýaly boldy, ýöne kepje bölegine demir guýulmadyk bolansoň, ol uzak durarly däldi. Şeýle bolsa-da, gerek bolanda ol pil daş ýany bilen hyzmat etdi, ýöne, dünýäde hiç bir pil şunça wagtlap, şunça der dökülip ýasalan däl bolsa gerek.

Maňa entek sebet ýa-da galtak hem gerekdi. Hiç hili sebet örüp boljak däldi, çünki sebet örer ýaly söwüt çybyjaklary ýokdy, ýa-da men henize çenli olara duş gelmändim. Galtak barada aýdanymda bolsa, tekerinden başga zadyny ýasap bilerin diýip güman etdim; ýöne teker hakda-da, ony nähili ýasamalydygy hakda-da düýbünden düşünjäm ýokdy; üstesine hem, tekerden ötürer ýaly demir ok ýasamaga-

da mümkinçiligim ýokdy. Şonuň üçinem, galtakly işi owarram edip, gowakda gazyp çykaran gumumy daşamak üçin, işçileriň kerpiç örüjä laý çekende ulanýan kersenlerine meňzeş bir zat tasladym. Pil ýasanyňdan kersen ýasanyň müň paý aňsat ekeni; şonda-da kersen, pil ýasamak hem-de galtak ýasajak bolup bihuda güýmenmek, bolmady diýeniňde, dört günümi aldy. Dört gün diýenimde-de, men irdenki tüpeňli gezelençlerimi ahmal etmedim, awdan elim boş gelýän günüm kän bolmaýardy.
23-nji noýabr. — Şu abzal-gurallary ýasajak bolup taşlan işlerim maňa garaşyp durdy. Şondan soň men mähetdel etmän işe girişdim. Gujurym bilen wagtym maý berdiginden tutuş on sekiz günläp her gün arman-ýadaman, gowagymy inine-boýuna gazyp giňeltdim. Azyk-suwlugymy, goşlarymy, abzal-gurallarymy jaýba-jaý ýerleşdirmäge giňişlik ýer gerekdi.
Bellik: Bütin şol wagtyň dowamynda men şu gowagy ammar, aşhana, nahar otagy hem-de ýerküme hökmünde ulanar ýaly giňeltmek üçin zähmet çekdim. Özüm bolsam çadyrda ýaşaberdim, emma ýylyň ygally döwründe çagbalap güýçli ýagyş ýaganda, çadyrymy suw basyp, birki ýola süllümmaý ezilenimden soň, ahyrsoňy nawa kakýan uzyn pürsleri haýat bilen dag aralyga söýäp, üstüne-de çöp-çalam diýermiň, agaçlaryň iri-iri ýapraklary diýermiň oklaşdyryp, howlyma bassyrma ýasanmaly boldum.
10-njy dekabr. — Gowagym ýa-da ýerkümäm birkemsiz bolandyr öýdüp ýördüm welin, ine birdenkä (çakdanaşa giňelden bolmaga çemelim) onuň bir gapdalynyň ep-esli ýeri opurylyp gaýdaýmazmy!? Opuryk şeýle bir uludy welin, men gaty erbet gorkdum, gorkmazça-da däldi, sebäbi şol wagt aşagynda duran bolsam, asyl gabyr gazyjy hem gerek bolmazdy. Şeýlelikde opurylan gumy daşamak üçin ýene-de hupbat baryny görmeli boldum; iň wajyp mesele bolsa, ýene-de ýumrulyp gaýdybermezligi üçin gowagyň depesini söýgetler bilen berkitmelidi.
11-nji dekabr. — Şu gün şol işiň ymykly ugruna çykdym. Iki sany söýgedi ýokaryk petige diräp goýdum; her söýgediň üstüne iki sany tagtany atanaklap mäkämledim. Men bu işi ertesi gün gutardym. Bir hepdäniň dowamynda ýene-de üsti tagtaly söýgetleri direşdirip, gowagyň üçegini göwnejaý berkitdim. Hatara bolup duran söýgetler ýerkümäni otaglara bölmäge ýardam berdi.
17-nji dekabr. — Şu günden başlap aýyň 20-sine çenli tekjeleri dakyşdyrdym, aňry-bäri asyşdyrar ýaly sütünlere çüý kakyşdyrdym. Ine, şeýdip öý-içerimi tertibe saldym.
20-nji dekabr. — Ähli paty-putymy gowaga çekdim we öýümi «mebelläp» ugradym. Iýmitleri, azyk-owkatlary tertipli ýerleşdirmek üçin birnäçe tagta bölegini bufete meňzedip goýdum. Örän az tagta galdy, şonuň üçinem men ýene bir stol ýasandym.
24-nji dekabr. — Gijesi gündizi bilen dynman ýagyş ýagdy. Daşaryk çykman ýatdym.
25-nji dekabr. — Uzakly gün ýagyş ýagdy.
26-njy dekabr. — Ýagyş diňdi. Howa salkynlap, has maýyl ediji boldy.
27-nji dekabr. — Bir ýaşajyk geçini awladym, başga bir owlagy bolsa, kowalap tutmak üçin aýagyndan atdym; men ony ýüp bilen iýdip öýe alyp gaýtdym. Öýe gelenimden soň, onuň döwülen aýagyny seýikläp daňdym.

Bellik: Men ol owlagy gowy bakyp-bejerdim, onuň aýagy bitip, enaýyja bökjekläp başlady. Owlaga şeýle uzak wagtlap idi-yssywat etdim welin, ol asyl eldeki bolup gitdi. Işigimdäki gök otjagazlary gütürdeden bolup, gaçyp gitjegem bolmady. Şonda seçmäm bilen därim gutaran mahaly öz azygymy üpjün etmek üçin eldeki mal saklamak baradaky pikir ilkinji gezek kelläme geldi.
28, 29, 30 we 31-nji dekabr. — Howa jokrama yssy, çöp başy gymyldamaýar. Öýden diňe agşamyna aw gözlemek üçin çykdym. Öýde bolan wagtymy akyr-ukurlary tertipläp geçirdim.
1-nji ýanwar. — Yssy henizem kiparlamady; men günortan dem-dynjymy aldym, irden bilen giçlik iki gezek awa çykdym. Agşamky aw gezelenjimde adanyň jümmüşine aralyşyp gidýän bir jülgäniň içi bilen has aňrylygyna tarap gitdim, ol ýerde gaty köp geçi agyp-dönüp ýören ekeni; olar gaty ürkek ekeni, ýakynlaşyberdigiň, alagüpürdi bolup gaçýarlar. Onsoň, men itimi awa salyp, bagtymy synap görmegi ýüregime düwdüm.
2-nji ýanwar. — Aýdyşym aly, şu gün itimi ýanym bilen äkidip, geçilere saldym, ýöne men ýalňyşypdyryn. Geçiler ite bakan şahlaryny gezäp duruberdiler welin, uçugyna aljagyna magat göz ýetiren itim bäriräkde köw-söw edip saklandy.
3-nji ýanwar. — Men aýmança, has dogrusy, diwar gurmaga başladym. Gapyllykda üstüme çozular öýdüp, henizem howatyr edýändigim üçin diwary örän galyň hem-de mizemez edip gurmagy karar etdim.
Bellik: Diwary nähili gurandygym barada eýýäm gürrüň berendigim sebäpli, gündeligimdäki şoňa degişli ýerleri ýörite galdyryp gidýärin. Uzynlygy ýigrimi dört ýarddan geçmeýän şol diwary doly gurup, timarlap gutarýançam 2-nji ýanwardan 14-nji aprele çenli wagt gerek bolandygyny belläp geçsem ýeterlik bolar. Diwar ýarym tegelek görnüşinde bolup, iki gyrasy hem gaýa baryp sepleşýärdi, gowagyň agzy şol iki sepiň göni ortarasyna düşýärdi, diwardan gowagyň agzyna çenli aralyk bolsa sekiz ýard çemesidi.
Şol döwrüň dowamynda ölerimi-galarymy bilmän işledim. Ençeme günläp, hatda hepdeläp ýagan ýagyşlar meniň işlerimi bökdeýärdi, ýöne şu diwary gurup dynýançam, özümi doly howpsuzlykda duýup bilmejekdigim barada oýlanýardym. Her bir iş üçin nähili güzaplary çekendigime ynanaýmak örän kyn. Aýratyn-da, gerek boldugyndan ýogyn-ýogyn edip çapyşdyran pürslerimi tokaýdan äkelip, ýere dikip çykýançam gören görgimi it görse gözi agarjakdy.
Haýaty tamamlap, daş ýüzüne loňňa-loňňa otjumak gum basyp gutaranymdan soň, indi kenara gelip düşjek islendik adamyň bu ýerde adam-gara ýaşaýan mesgen bardyr öýdüp güman etmejegine göz ýetirdim. Haýatymy gök otlar gögerip oturan toprak bilen gallap, görer gözden ýaşyrmagymyň nähili jaýdar bolandygyny soň ýüze çykan bir geň-enaýy waka äşgär etdi.
Şol döwrüň dowamynda howanyň açylan wagty her gün awuň gözleginde tokaýda aýlanmaga gidýärdim, peýwagtyma gezelenç edip ýörşüme ýygy-ýygydan özüme bähbitli haýsydyr bir zadyň üstüni açýardym. Iň esasysy, men tokaý kepderileri ýaly agaçlarda däl-de, eýsem adaty kepderiler ýaly gaýanyň jaýryklarynda höwürtge guryan ýabany kepderileriň bir görnüşini tapdym. Olaryň üç-dört sany jüýjesini öýde

saklap, ekdi etjek boldum, ýöne ojagazlar ganat bitensoň uçup gitdiler. Megerem, iýmit gözläp gidendirler, sebäbi men olary iýmläp bilmeýärdim. Barybir, men ýygy-ýygydan ýabany kepderileriň höwürtgesini tapyp, jüýjelerini alýardym-da, özüme hörek bişirinýärdim. Hojalyk işlerini dolandyryp ugramsoň, kemlik edýän abzal-guralyň örän köpdügini aňladym. Ilkibaşda olary ýasamak mümkin däl diýip oýa batdym. Hakykatdan-da, galapyn şeýle boldy. Mysal üçin, çelegiň halkalaryny hiç hili dakyp bilmedim. Ozal gürrüň berşim ýaly gämiden birki sany çelejik äkelipdim, ýöne, näçe hepdeläp çyr-çytyr bolup, dyrjaşsam-da şolara meňzeş çelek ýasamak maňa eýgertmedi. Men ne-hä çelegiň düýbüni dakyp, ne-de ýasyja tagtalaryny suw akdyrmaz ýaly jebis berçinläp bilýärdim; şeýdip çelekli meseläni hem bir ýaňa goýmaly boldum. Mundan başga-da, maňa näçe diýseň şem gerek bolýardy. Adaty bolşy ýaly, agşam sagat ýedilerde gün ýaşan badyna derrew iňrik garalýardy, men hem ýatmak bilen bolýardym. Afrikanyň kenarlaryndaky başdan geçirmelerimde şem ýasan şol bir tokga mumum ýadyma düşýärdi, ýöne indi mende mum ýokdy.Ýeke-täk çykalgam awda öldüren geçilerimden alan içýagymy ulanmak boldy. Men toýundan kiçeňräk tabak ýasap, güne guratdym-da, içýagy şoňa guýdum. Soňra bolsa, smola siňdirilen kendir ýüpünden peltejik ýasap ýaňky içýaga batyrdym. Şemiňki ýaly ýagtylyk bermese-de, bujagaz ýag-çyra öçügsije yşyk saçyp, maňa oňuşalga boldy. Bir gezek şol işler bilen ber-başagaý bolup, goşlarymy sermeşdirip ýörkäm, ozal hem bir ýaňzydyp goýşum ýaly, iň soňky ýüzüşde däl-de, çakymça, ondan öňki gezek gämimiz Lissabondan gaýdanda gämidäki guşlary iýmlemek üçin däne guýlan bir çaklaňja torba elime ildi oturyberdi. Torbadaky galan-gaçan däneleri alakalar gemirip gutarypdyr eken, içine seredenimde gädik-gemrik owuntykdyr külkeden başga ýekeje düşnüge-de gözüm düşmedi. Onsoň men (şol pilleler tüýs därileri böleklejek bolup gap-gajak gözläp ýören wagtymdy) «başga bir deregime ýaradaryn» diýen hyýal bilen torbany gaýanyň alkymyna — haýatyň bir gyrasyna silkip goýberdim.

Bu waka eýýäm gürrüň beren çagbaly ýagyşlarymyň öňüsyrasynda bolupdy. Torbany nirä silkenime üns hem bermändirin, hatda ony silkenim bireýýäm ýadymdan çykyp gidipdir. Ýöne, şondan bir aý töweregi wagt geçensoň, şol ýerjagazda gökje şitilleriň dürterip oturanyny gördüm. Ilkibaşda men ony nätanyş bir ösümlikdir öýtdüm. Ýöne telim gün geçensoň şol baldaklaryň agynjak Ýewropada, hatda Angliýada ösýän arpanyňka meňzäp duran on-on iki sany ajaýyp arpa sümmülini çykarandygyny görüp, haýran galmakdan ýaňa agzymy açyp galdym.

Şul açyşa neneňsi tolgunyp, pikirlerimiň bulam-bujar bolşuny aýdyp-diýer ýaly bolmady. Men henize — bu güne çenli dini ygtykatlara uýan adam däldim. Hakykatdan hem, din barada meňki bolsun diýer ýaly düşünjäm ýokdy, başymdan inýän ähli hadysalary diňe tötänlik bilen düşündirýärdim ýa-da dilimiziň ugruna aýdyşymyz ýaly, «Allanyň halanydyr» diýip goýýardym. Men hiç haçan wakalarda Allanyň nähili hikmetleriniň bardygy, hem-de Onuň dünýädäki hadysalary dolandyrýan ylahy düzgün-nyzamy hakda onçakly pikirlenip oturmazdym. Emma şol arpalaryň däneli ösümliklere ýaramly däl klimatda gök öwsüp oturşyny görüp, täsin duýga gark boldum, sebäbi men olaryň o ýere nädip düşeni bireýýäm ýadymdan çykarypdym ahyryn. Men Keremli Allatagalanyň tohum zat sepilmedik ýerden öz

gudraty bilen, özem şu ýabany, çola ýerde hut meniň rysgalym bolsun diýip arpa gögerdenine ynanmaga başladym.

Biraz ýüregim ersip, gözüme ýaş aýlandy we meniň hatyram üçin tebigatyň şeýle täsin gudratynyň bolup geçendigine öz ýanymdan göwnüm hoş boldy. Ýöne geň galasy zat indi ekeni, bir görsem, arpaly ýeriň gapdaljygynda, gaýanyň gyrasyny boýlap, başgarak baldaklar hem gök salyp oturan bolsa nätjek. Ol baldajyklar şaly bolup çykdy, ozal Afrikanyň kenarýakasyna düşen wagtym ekin meýdanlarynda görendigim üçin şalyny şolbada tanadym.

Men arpadyr şalyny diňe bir Allanyň beren päkize rysgaly diýip oturman, eýsem olaryň başgarak ýerlerde hem gögerýändigine pugta ynanyp, adanyň ozal gezilen tanyş bölegini elek-soky barlap çykdym. Her bir künjege, her bir gaýanyň düýbüne esewan etsem-de, ne arpa duşdum, ne-de şala. Telim gün geçensoň, şol ýere jüýjeleriň iýmli haltasyny silkelänim güpbe ýadyma düşäýmezmi?! Haýran galmak duýgusy zym-zyýat boldy. Boýnuma alaýyn, arpadyr şalynyň ösüp oturmagynyň gudrat däl-dä, tebigy wakadygyny bilenimdeň soňra, Perwerdigäriň nygmatyna şükür etmek duýgym kemelip başlady. Aslynda welin, bagtymdan çykan şol geň-enaýy we garaşylmadyk nygmat üçin alkyş okamalydym. Hakyna garasaň, alakalaryň durşuna gemrip, kül eden däneleriniň arasyndan on-on iki sany dänäniň, ylla diýersiň, behiştden düşen ýaly, hiç zat bolman abat galmagy diňe Allanyň gudraty bilen bolupdy. Üstesine, men şojagaz däneleri ala-böle gaýanyň kölege düşýän mes toprakly ýerine silkipdirin, dänelerem badabat şineläp, kök urupdyr. Eger şol wagt olary başgarak ýere zyňan bolsam, günüň astynda gurap, zaýalanyp giderdiler.

Iýun aýynyň aýagynda sümmüller bişen wagty olary nähili usullyk bilen ýygandygym göz öňüňize gelýändir. Men ýekejesinem gaçyrman bar däneleri ýygnap, çäjini saýladym-da, çörek bişiriner ýaly ýeterlik mukdara ýetsin diýip, arpa hasylyny täzeden ýere sepdim. Emma men diňe dördülenji ýyl şol dänäniň az-kem bölegini iýmäge süýşürip bildim, onda-da näler gysganypjyk iýdim diýsene. Bu barada entek ýerine gelende aýdyp bererin. Çünki ilkinji ekişde möwsüme kän bir üns bermän, tüýs tomsuň depäňi gaýnadýan wagty ýere sependigim üçin tohumlar gyr-zaýa boldy. Iň bolmanda, «bolmalysy ýaly gögeriş alyp bilmedim» diýeýin-de, häzirlikçe bu arpaly gürrüňi soňlaýyn.

Eýýäm aýdyşym ýaly, arpadan başga, ýigrimi-otuz düýp şaly hem sümmülläpdi. Ony hem çörek ýa-da nahar bişirinmek maksady bilen harpygyny saýlap, eşrepi ýaly edip ýygnap goýdum, sebäbi howurly peje salman çörek bişirmegiň tärini tapypdym. Bu barada hem soň gürrüň bererin.

Ýene gündelige dolanyp geleliň.

Haýaty aýlap gutarmak üçin şul üç-dört aý armany-ýadamany bilmän irginsiz işledim. 14-nji aprel diýlende diwary doly tamamladym. Bu ýeriniň öýümdigi daşyndan bildirmesin diýip, haýata hiç hili gapy goýmadym-da, «merdiwan söýäp girip-çykmaly» diýen netijä geldim.

16-njy aprel. — Merdiwany ýasap boldum; merdiwana dyrmaşyp, haýatyň depesine mündüm-de, merdiwany çekip, haýatyň iç ýüzüne söýäp howla girdim. Merdiwany bolsa howlynyň bir künjeginde ýere ýatyryp goýdum. Indi, daş-töweregim doly

goraglydy. Howlym ýeterlikçe giňişdi, diwardan aşman, howla girip boljak gümany ýokdy.
Diwary salyp gutaran günümiň ertirligi tas bar eden azabym bir gezekde puja çykyp, özümem öläýmeli bolýardym. Ine, bolup geçen waka: Şol gün howlymyň içinde çadyryň arkasynda gowagyň girelgesiniň öň ýanjagazynda işe güýmenip ýörkäm duýdansyz dörän bir zenzelä allaniçigsi boldum; oslaman durkam gowagyň içindäki iki sany sütün elhenç şatyrdap gap-bilinden döwüldi-de, üçekden, baýryň erňeginden ep-esli daş-toprak eňterilip gaýtdy. Meniň depe saçym syh-syh bolup, zähräm ýaryldy, ýöne bu işiň hakyky sebäbini aňşyryp bilmedim, ozalky ýaly ýene-de üçek çökendir öýdüp çakladym. Opurygyň aşagynda gömülip galaýmaýyn diýen gorky bilen başymy gutarjak bolup, merdiwana tarap okduryldym, emma ol ýerde-de özümi howpsuz hasap etmän, baýryň harsaň daşlary togalanyp, üstümden gaýdyberer öýdüp, ýüzümiň ugruna diwardan aşyp geçdim. Ýöne aýagym ýere degip-degmänkä, bu zatlara aýylganç ýertitremäniň sebäp bolandygyna äşgär göz ýetirdim. Goja zemin aýagymyň astynda goduklap, sekiz minut çemesi wagtda yzly-yzyna üç gezek şeýle bir sarsgyn boldy welin, ol dünýädäki iň ygtybarly binany hem ýer bilen ýegsan edip biljekdi. Menden ýarym mil töweregi aňyrda deňze abanyp duran bir gaýanyň depesi şeýle bir ala-zenzele bilen opurylyp aşak gaýtdy welin, şonuň ýaly şakyrdyly gohy ömrüme eşitmändim. Deňziň hem batly çaýkanyp, möwç urýandygyny saýgardym; hatda, göwnüme bolmasa, deňziň astyndaky sarsgynlar adadakydan has güýçli bolarlydy.
Munuň dek tebigy hadysa ozal duş gelmändigim, duş gelenler bilenem gürrüňdeş bolup görmändigim üçin elimi-aýagymy ýitirip, edil öli ýaly doňup galypdyryn. Ýer yranmasyndan ýaňa edil deňizde çaýkanýan gämide duran dek ýüregim bulandy; ýöne, güwläp gaýdan kert gaýanyň şakyrdysy meni özüme getirip, äm-säm bolup durmakdan açdy; açylsam hem açyldym welin, gorkudan depe saçym düýrükdi. Baýyr süýşäge-de çadyrymy, tutuş goş-golamlarymy ýüzüniň ugruna guma garar öýdüp, ikilenç ýüregim agzyma geldi.
Üçünji sarsgyndan soň birsellem hiç hili yranma duýulmady welin, az-kem ekezlenip ugradym. Barybir, diriligme kesegiň aşagynda galaýmaýyn diýen iňkis bilen, diwardan aşmaga batyrlyk edip bilmedim. Onsoň özümi lampa ýere goýberdim-de, näme edip näme işlejegimi aň edip bilmän, çugutdyryp oturyberdim. Tutuş şol wagtyň dowamynda dilimiň ugruna «Alla jan, özüň rehim edeweri» diýip samran sözlerimi hasap etmeseň, din-ygtykat hakda kemteresinden ýekeje pikir hem kelläme gelmändir. Howp sowlansoň bolsa, ol sözlerem gaýyp bolup gitdi.
Şeýdip oturşyma, asmanda lemmer-lemmer bulut oýnap, howa garalyp, ýagyş ýagarly boldy. Sähel salymdan çalajadan ýel öwsüp ugrady-da, ýarym sagat geçip-geçmänkä, ol ýeri-gögi gapyşdyryp barýan harasada öwrüldi. Deňiz hem birdenkä lerzana gelip, dumly-duşa ak köpük saçyp, gazaply möwç urup başlady; äpet gomlar zarp bilen kenara urlup, agaçlary köki-zady bilen sogrup zyňýardy. Harasadyň gopguny biçak elhençdi. Şeýdip üç sagat töweregi nagarasyny döwensoň, harasat kiparlamaga başlady. Şondan soň iki sagat çemesi çöp başy gymyldaman, imisalalyk aralaşdy. Yzyndan bolsa, güýçli çagba asmandan şaglap indi. Men gorkyma

ýygrylyp, şonça gopgun-zenzeläň aşagynda ýerimden galyp bilmän hyrçymy dişläp oturdym. Ýöne apyla-sapyla sowlup gutaransoň, birdenkä «ýertitreme sebäpli tupan turup, ýagyş ýagdy, diýmek, ýer hem yranyp bolandyr. Indi howla girse bolar» diýen pikir kelläme geldi. Maňa şol pikir gop berip ugrady, şabyrdap guýýan ýagyş hem ýeňsämden itip duransoň, ýüregimi bire baglap, haýatdan aşdym-da, çadyryma girip dyzymy epdim. Emma ýagyş şeýle bir güýçli ýagýardy welin, çadyrym ýegşerilip, edil ýöne ýykylaýjak-ýykylaýjak bolýardy. Onsoň men çadyr başyma ýykylaýmasyn diýip, ýüregim suw üstünde bolsa-da, garaz, nalaç gowaga girmeli boldum. Şol güýçli ýagan ýagyş maňa täze bir iş çykardy; howlyny, gowagy suw basmaz ýaly, haýatyň düýbünden bir deşik deşip, daşarlygyna ternaw çekmeli boldum. Gowagymda birsalym dem-dynjymy alyp, indi ýer sarsgynlarynyň togtandygyna göz ýetirenimden soň, janym birneme aram tapdy. Men henizem elenip duran ruhumy götermek üçin ammarjygyma baryp, bir owurtjyk rom içdim. Umuman, men romy diýseň tygşytly içýärdim, sebäbi, bir gutaransoň, dolanyp roma ýüzümiň düşmejegi äşgärdi. Şol gije-de, ertirligem dynuwsyz ýagyş ýagmagyny dowam etdirdi, men hem gowakdan çykyp bilmän busup oturdym. Indi ýüregim az-kem karar tapypdy. Men nädenimde gowy boljakdygy barada oýlanmaga başladym. Eger adada ýygy-ýygydan ýer yranýan bolsa, onda gowakda ýaşap bilmejekdigim barada netijä geldim. Açyklyk bir ýerde çaklaňja külbe gurup, wagşy haýwanlaryň ýa-da ýabany adamlaryň howp salmagyndan goranmak üçin, edil şu ýerdäki ýaly, daşyna diwar aýlamagyň pikirini edip başladym. Eger gowakdan bir ýaňa göçüp gitmesem, irde-giçde diriligme gumuň-daşyň aşagynda galjagym köre hasa bolupdy.

Şol pikirler bilen, baýryň abanyp duran, indiki sarsgynda gürrüňsiz aşak süýşüp gaýdarly görünýän dik ýapgydynyň aşagynda ýerleşýän çadyrymy başga bir ýere göçürmegi ýüregime düwdüm. Şondan soňky iki güni — 19-njy we 20-nji apreli täze, oňaýly ýer gözlemek hem-de öýümi nädip göçürjegim barada oýlanmak bilen geçirdim. Diriligme ýeriň hopmagyndan howatyr edip, gijelerine rahat uklap bilmeýärdim; barybir haýadyň daş ýüzünde alaň-açykda ýatsam hem şondan ibaly boljak däldi. Şonuň bilen birlikde, bir çetde oturyp, sümelgämi synlan mahalym öý-içerimiň nähili tertiplidigini, onuň gözden uzak bukuja ýerdedigini hem-de «iki aýakly», «dört aýakly» howp-hatardan nähili arkaýyndygymy görüp, bu ýerden göçesim gelmedi. Şol ikiarada, göçmek üçin biçak köp wagt gerek boljakdygyny hasaplap gördüm. Çaky, men tä göçüp barar ýaly göwnejaý täze bir howly gurunýançam, howply hem bolsa, şu gowagyň içinde oňňut etmelidim. Şeýle netijä gelip, ýüregim düşüşdi, soňra bolsa, gyssagym öz ýanymdan, täze bir ýerden naw bilen urgandan aýlaw görnüşli aýmança gurup, ol doly taýýar bolansoň, çadyrymy şonuň içine göçürip eltmegi karar etdim. Ýöne aýmança göçüp barmaga taýýar bolýança, häzirki ýerimde ýaşamagy ýüregime düwdüm. Şol gün aprel aýynyň 21-di.

22-nji aprel. — Ertesi daň atyp, jahan ýagtylansoň, şol çözgüdimi nähili serişdeler arkaly ýerine ýetirip boljakdygy hakda pikirlendim. Zerur abzal-gurallar örän ýetmezçilik edýärdi. Meniň üç sany uly paltam bardy. Kiçi palta bolsa, näçe diýseň üýşüp ýatyrdy (sebäbi, biz olary indeýlere satmak üçin alyp barýardyk); ýöne, düwünlek berk agaçlary çapmakdan ýaňa, olaryň barysy kütelişip, ýüzleri gädik-

gemrik bolup ýatyrdy. Meniň çalgy daşym bar hem bolsa, ony iki el bilen aýlamalydygy üçin, abzal-gurallarymy ýiteldip bilmeýärdim. Bu mesele meni döwlet işgäriniň wajyp bir syýasy soraga çözgüt tapmak üçin, ýa-da kazynyň bir adamyň ölmek ýa-da diri galmak meselesini höküm etmek üçin kelle döwşüçeräk meşgul etdi. Ahyrsoňy, aýak pedaly bilen işleýän ýüpli çarh oýlap tapdym-da, çalgy daşy şoňa berkitdim welin, iki elim hem boş galdy.

Bellik: Beýle tilsime Angliýada duş gelmändim, has dogrusy, onuň nähili ýasalýandygy ünsümi çekmändir. Soň görüp otursam, çarhly çalgy daşy Angliýada giňden ýaýran ekeni. Ondan başga-da, meniň çalgy daşym örän mähnetden gelen agyrdy. Bu abzala syntgy berip dynýançam tutuş bir hepde wagt gerek boldy.

28-nji we 29-njy aprel. — Şu iki güni abzal-gurallary ýiteldip geçirdim; täze çalgydaş suw ýaly işleýär.

30-njy aprel. — Külçelerimiň gutaryp barýandygyny gördüm. Hasap edişdirip, günde bir külçeden artyk iýmeli däl etdim. Özüme juda ýüregim awady.

1-nji maý. — Şu gün irden gaýtgyn wagty deňze seredip durkam, kenarda çelege çalym edýän ullakan bir zadyň keserilip ýatandygy gözüme kaklyşdy. Ýanyna baryp görsem, kiçeňräk bir çelejik bilen gämiden galan iküç bölek döwük-ýenjik tagta ýatan ekeni. Araky harasatda kenara gelip urupdyrlar. Men gäminiň deňze süsňäp, pytraman galan çökündisine esewan etdim welin, ol göwnüme bolmasa, suwdan has ýokarrakda duran ýaly boldy. Deňziň kenara çykaryp taşlan çelejigini barlaşdyryp, basym onuň därili çelekdigini bildim. Ýöne onuň içindäki däri ençeme wagtdan bäri suwa ezilgi bolansoň, edil daş kimin saň-gaty bolupdyr. Şonda-da men ony togalap, şol wagtlykça kenardan daşlaşdyrdym. Soňra bolsa, başgarak akyr-ukur agtarmak üçin, çägelik saý bilen ýöräp, gämä tarap ugradym.

## VI BAP

Gäminiň ýanyna baran mahalym, onuň geň ýagdaýda ýerinden gozganandygyny gördüm. Gäminiň öň çägä gömülip ýatan burun bölegi iň bolmanda alty fut çemesi ýokary göterilipdir. Elek-soky edip barlan gezegimiň yzysüre gaý-tupanyň zarbyna çym-pytrak bolup, gämiden gopan yzky bölek hem bir gapdala zyňlyp, gyşaryp ýatyrdy. Çökündiden kenara tarap şeýle çäge ykgyny syrapdyr welin, öň kenardan gämä barýançam çärýek mil töweregi ýüzüp gitmeli bolýan bolsam, indi gaýtgyn wagtynda gämä çenli arkaýyn ýöräp baryp bolýardy. Men bu üýtgeşiklige ilkibada örän geň galdym, ýöne basym muňa ýer yranmasy sebäp bolandyr diýen netijä geldim. Şol kuwwatly sarsgyn gämini öňküsindenem beter çagşadypdyr welin, her gün şemalyň, tolkunlaryň badyna gämiden gopan her tüýsli zatlar kenara bakan ýüzüp gelýärdi.

Gämi bilen baglanyşykly waka öýümi göçürmek baradaky hyýalymdan doly ünsümi sowdy. Şol gün günuzyn gäminiň içerki böleklerine aralaşmak üçin böwşeňräk ýer agtaryp çykdym. Ýöne ol pikirim başa barmady, sebäbi gäminiň içleri durşuna çäge bilen gömülipdir. Şeýle hem bolsa, men hiç bir zatdan umydyňy üzmeli däldigini indi öwrenipdim. Şonuň üçin, «näme tapanymda hem, yrýasy bolmaz» diýip, gäminiň çökündisini bölek-bölekden kenara çekip gutarmagy ýüregime düwdüm.

3-nji maý. — Gämide byçgy bilen işläp başladym. Şkans bilen palubanyň ýokarky bölegini saklaýandyr diýen çak bilen, gäminiň bimsini (kese goýlan pürsüni) byçgylap kesdim-de, açylan deşikden girip, çägeleri elim bilen syryşdyryp aýyrdym. Şol wagt daşgyn güýçlenip ugrandygy üçin, şu günlükçe iş goýmaly boldum.
4-nji maý. — Balyk tutmaga gitdim, ýöne keşdiň çekip iýer ýaly ýekeje balyk hem tutup bolmady. Çolpyma zat ilmän, halys bezgek bolup, gaýdaýyn diýip durkam, çeňňegime bir ýaşajyk delfin düşdi. Çeňňek diýýänimem hakyky çeňňek däl-de, hälki bir smola siňdirilen uzyn ýüpdi, ujunda gaňyrçak zat ýokdy. Barybir şojagaz tilsim bilen näçe iýesim gelse şonça-da balyk tutup bilýärdim. Balyklaryň barysyny güne kakadyp iýýärdim.
5-nji maý. — Gämide işledim. Ýene bir bimsi byçgylap bölekledim. Sosna agajyndan ýasalan üç sany ýasy tagtany palubadan goparyp aldym-da, çugdamlap gabşyrdym. Daşgyn başlan wagty bolsa, ony kenara bakan ýüzdürip goýberdim.
6-njy maý. — Gämide işledim. Birnäçe demir bolt bilen ýene-de şoňa meňzeş demir-dükgüleri sogrup aldym. Gara derimi saçyp, hars urup işledim. Öýe gelen wagtym halys surnugyp, lütüm çykypdy. Işi goýbolsun etsem öýdýän?!
7-nji maý. — Şu gün hem gämä gitdim. Işlemek hyýalym ýokdy. Bims pürsleri kesilensoň, paluba öz agramyna döz getirip bilmän çöküpdir. Gäminiň beýleki bölekleri hem ýaý beripdir. Trýumyň üsti açylyp, indi onuň içi aýyl-saýyl görnüp durdy, ýöne trýumda inine-boýuna çäge üýşüp, suw jalkyldap duran ekeni.
8-nji maý. — Demir lom alyp, gämä gitdim. Niýetim indi doly diýen ýaly suwdan, çägeden saplanan palubany derbi-dagyn edip, külüni çykarmakdy. Iki sany uzyn ýasy tagtany gopahim, daşgyn bilen akdyryp kenara çykardym. Demir lomy ertir hem gelip işlemek üçin gämide goýup gaýtdym.
9-njy maý. — Bu gün hem gämä gitdim. Demir lom bilen palubany omur-jomur edip, tagtalaryny döwüşdirip, ahyrsoňy, sermeleşdirip üç-dört sany çelegiň üstünden bardym. Lom bilen gaňryp, olary orunlaryndan çykaryşdyrdym. Çelekler şeýle mäkäm berçinlenipdir welin, urubam döwüp bilmedim. Bir düýrüm iňlis gurşuny hem elime ildi welin, arman, agyrlygyndan ýaňa ýerinden gozgar ýaly däl ekeni.
10-14-nji maý. — Her gün gämä gitdim. Küde-küde agaç bölegini, tagtadyr pürsler, ýüz-ýüz elli kilogram demiri alyp, kenarýaka daşadym.
15-nji maý. — Ýanym bilen iki sany paltajyk alyp gitdim. Birki bölek goparyp bolmazmyka diýip, bir paltany gurşun düýrüminiň üstünde dik goýaga-da, beýleki paltanyň çüwdesi bilen birinji paltanyň çüwdesine güýjümde baryny edip ýelmäp başladym. Emma, gurşun bir ýarym fut çemesi suwuň aşagynda bolansoň, urgularym juda gowuşgynsyz boldy.
16-njy maý. — Gije hazlap gaty erbet şemal boldy. Güýçli tolkunlar gäminiň galanjasyny hem lagşadyp taşlapdyr. Şamlyk üçin tokaýyň içinde kepderi gözläp, alakjap ýörşüme, daşgynyň başlanyny duýman galypdyryn. Şeýdibem bu gün gämä gidip bilmedim.
17-nji maý. — Gämiden gopan käbir bölekleriň hol beýlede, iki mil çemesi aňyrda kenarda garalyp ýatanyna gözüm kaklyşdy. Men onuň nämedigine äňetjek bolup, şol

ýere bakan ýöräp gitdim. Baryp görsem, ol gäminiň burun bölegi ekeni, özem şeýle bir mähnet, agyrdy welin, göterip ýa-da süýräp biljek umydyň ýokdy.
24-nji maý. — Şu güne deňiç her gün gäminiň galyndysynda işledim. Gatyr ýaly işläp, lom bilen gaňryp-ýenjip, käbir zatlaryň şeýle bir süňňüni çagşatdym welin, eýýäm ilkinji daşgynda alty-ýedi sany çelek bilen iki sany deňizçi sandygy zompuldap suwuň ýüzüne çykdy. Ýöne şemal kenar tarapdan öwüsýändigi sebäpli, içine az-owlak brazil doňzunyň kakadylan eti salnan äpet çelek bilen iküç bölek tagta diýäýmeseň, kenara suwytly çykan zat bolmady. Ol çelegem suwuň aşagynda şonça wagt ýatansoň, içine çäge girip, etler zer-zaýa bolup giden ekeni. Men aw awlap, iýmit gözleýän wagtymy daşgynyň beýgelýän pursadyna gabat getirip, tä 15-nji iýuna çenli, her gün gaýtgyn başlan badyna gämini bölekläp, kenara daşamak bilen meşgullandym. Men şol üç hepdäniň dowamynda başym çykmasa-da göwnejaý bir gaýyk ýasar ýaly tagtamydyň, nawmydyň, ýa-da bolmasa her tüýslek demir-dükürmidiň, garaz, güýjüm ýeten zady kenara çekip gutardym. Mundan başga-da, köp gezek gatnap, bölejik-bölejikden elli kilogram töweregi gurşun listi kesip aldym.
16-njy iýun. — Deňziň ýakasynda gezmeläp ýörkäm, ullakan bir deňiz pyşdylyny tapdym. Bu ilkinji gezek pyşdyl görüşimdi. Mundan ozal maňa pyşdyl duşmazlygynyň sebäbi olaryň adada seýrekdigi däl-de, eýsem men binesipligim bolmaly. Eger adanyň beýleki tarapyna düşen bolsam, men her gün ýüzläp pyşdyl awlap biljek ekenim. Soň görüp otursam, bu maňa gymmada düşjek ekeni.
17-nji iýun. — Wagtymy pyşdyl etini bişirip geçirdim. Ondan altmyş sany ýumurtga çykdy. Şu elhenç ada düşelim bäri geçi bilen guşdan başga et iýip görmämsoň, jyzyrdap bişen pyşdyl eti janyma şypa bolup, edil agzymda eräp barýardy. Çaky, ol ömrümde iýip gören iň süýji etimdi.
18-nji iýun. — Uzakly gün ýagyş ýagdy. Men öýden çykman ýatdym. Şol ýagyş ýaganda howa sowan bolarly, sebäbi men sowuklap, galpyldap başladym. Aslynda dünýäniň bu giňişliginde sowuk howa-ha bolmaly däl.
19-njy iýun. — Halym juda teň. Süňňümi saklap bilemok. Gyş düşen ýaly.
20-nji iýun. — Uzakly gijäni dik oturyp geçdim; kelläm ýarylyp barýar, gagşap ýatyryn.
21-nji iýun. — Eňek atyp ýatyryn; hassa ýatan halyma, hemaýat berjek adam ýokdugy barada oýlanyp, öler ýaly gorkýaryn. Hall şäherinden ugranymyzda çykan apy-tupandan bäri birinji gezek tüýs ýüregimden Allatagala ýalbaryp dileg etdim, ýöne, huşum ýerinde bolmansoň, nämeler aýdanym ýa-da nämçün aýdanym teý ýadyma düşenok.
22-nji iýun. — Az-kem ganymatlaşdym, agyr nähoşlaryn öýdüp henizem gorkýaryn.
23-nji iýun. — Ýene ýagdaýym ýaramazlaşdy: dişimi şakyrdadyp, gagşap ýatyryn. Giçlik gaty erbet kellämden tutdy.
24-nji iýun. — Bäri bakyşýaryn.
25-nji iýun. — Gaty erbet ysytma tutdy; ýedi sagatlap bir gyzdyryp, bir üşüdip ýatdym. Soňundan bolsa, başym aýlanyp der geldi.
26-njy iýun. — Ganymat. Iýmek-içmegim gutarypdyr. Tüpeňimi alymy awa çykdym, ýöne özümi halys mejalsyz duýdun. Bolsa-da, bir geçi awlap bildim. Hyk-çok edip,

ony zordan öýe aşyrdym. Bir bölek etini kesip, otda kakmaç edip tamşandym. Çorbajyk gaýnadyp iýen bolsam gözüm ýerine gelerdi, arman, entek gazanym ýok.

27-nji iýun. — Ýaňadan şeýle bir güçli ysytma tutdy welin, iýmekden-içmekden kesilip, günuzyn düşekden galyp bilmän ýatdym. Teşnelikden ýaňa ölüp barýardym, ýöne ýerimden galyp, suw almaga halys ysgyn-mydarym ýokdy. Men ýene Alladan dileg etmäge başladym, ýöne kelläm dumanlap durdy. Janym sagat wagty werziş bolmandygym üçin, doga-dileglere dilim öwrülmeýärdi. Ýatan ýerimden: «Allahym, bendäňe nazar sal! Özüň garaşyk et! Alla jan, rehim edeweri!» diýip gygyrýardym. Ysytma sabaýança, iküç sagat dagyn şeýdip samrandyryn. Meň soňra uka gidip, ýarygijä çenli sarsman ýatypdyryn. Oýanyp, gözümi açan mahalym, özümi has ýeňil duýdum, ýöne ysgynsyzdym. Teşnelikden ýaňa agzym kepäp gidipdir. Çadyrymda agyzsuw bolmansoň, ertesi daň saz berýänçä nalaç ýatyp uklamaly boldum. Ikilenç ýatanymda elhenç düýş gördüm: Haýadyň daş ýüzünde ýerde otyrmykam diýýän, edil ýer yranansoň harasat wagty oturan ýerimde. Şol pursat äpet gara bulutdan daş-töweregini ýere ýagty saçýan ot bilen ýalyn gallap duran bir adamyň aşaklygyna düşüp gelýänini gördüm. Ol edil alaw ýaly bolup, dumly-duşa şeýle bir ýiti şöhle saçýardy welin, gözüm gamaşyp, oňa zordan seredip bilýärdim. Şol äteňediň ýüz keşbiniň gorkunçlygyny, heý, adam dilinde diýip-düşündirip boljak söz ýokdy. Göwnüme bolmasa, ol her ädim uranda ýer edil ýertitremedäki ýaly sarsyp gidýärdi. Men tutuş howada ýalyn çabrap, çar tarapa uçgunlar zyňylýarmyka diýýän. Ol ýere düşen dessine öldürjek bolup, eli uzyn naýzaly maňa bakan ýöräp ugrady. Bir tümmejige ýetende saklanyp, şol ýerden maňa bir zatlar diýdi welin, onuň eýmenç sesine depe saçym düýrügüp, ýedi süňňüm gowşap gitdi. Ol adam köp zat aýtsa-da, diňe: «Şunça bolan wakalar seni henizem toba getirmändir, indi sen ölersiň!» — diýen sözleri aňşyrdym. Ol şeý diýensoň, naýzasyny gezäp meni öldürjek bolýarmyka diýýän.

Şu hekaýaty okan her bir okyjy şol eýmenç düýşüň mende nähili aýylganç gorky döredendigini meniň düşündirip bilmejegimi aňýan bolsa gerek. Aýtjak bolýanym, düýş bolsa-da, şol gorkular edil huşumda bolup geçen ýalydy. Tisginip oýanyp, munuň ýöne bir düýşdügine düşünenimden soň hem, onuň mende nähili täsir galdyrandygyny söz bilen düşündirer ýaly däldi.

Haýp, din barada hiçhili maglumatym ýokdy. Kakamyň öwreden ýagşy öwütlerinden alan edep-terbiýäm sekiz ýyldan bäri deňizlerde üznüksiz ygyp ýörmegim hem-de özüm ýaly dinden-imandan bihabar bidöwletler bilen oturyşyp-turuşandygym zerarly hakydamdan öçüp gidipdir. Tutuş şol döwrüň içinde ýeke gezek golumy asmana göterip Allatagala ýalbaranym ýa-da böwrüme diň salyp, öz edähetlerim hakynda çynlakaý oýlananym ýadyma düşenok. Tersine, ýagşylyk etmek höwesinden, ýamanlygy saýgarmakdan jyda düşen bir tüýsli ruhy aňkawlyk meni gurşap alypdy. Meniň azy ýaranlygymy, kelesaňlygymy we sansyzlygymy göreniňde beýleki gämideş deňizçilerimi ýüzüňe sylaýmalydy. Ne-hä janym howp astyndaka Alladan gorkmagy, ne-de bir halas bolan mahalym Alla alkyş okap, şükür etmegi jinnek ýaly hem bilmeýärdim.

Kitabyň başynda aýdan gürrüňlerim okyjynyň ýadyna düşýän bolsa gerek. Şu çaka çenli başymdan inen her dürli hasratly wakalarda Allanyň eradasynyň bardygy, şol külpetleriň öz eden etmişimiň, ýagny kakamyň gepini ýykyp, garşy çykmagymyň, hem-de hetden aşan häzirki günälerimiň, şeýle hem biweç ýaşap ýörmegimiň jezasydygy hakynda hiç haçan kelle döwmändigimi aýtsam, onda Allanyň öňündäki bu gedemligimiň sebäbine has aňsat düşünse bolar. Afrikanyň çola kenarlarynda geçiren şol umytsyz ýolagçylygym mahaly, başymdan näme injekdigi barada pikir hem etmändim, barjak ýerime sag-aman baryp ýetmek, daş-töweregimi gurşap alan howp-hatarlardan, wagşy haýwanlardyr guduz açan ýabanylaryň penjesinden goranmak üçin kelam-agyz Allatagala dileg edip ýalbarmandym. Külli jahanyň bir Ýaradyjysy, Perwerdigäri bardyr öýdüp ýedi uklamda düýşüme-de girmezdi, ýyrtyjy haýwan kimin diňe tebigatyň kanunlaryndan ugur alyp, sagdyn pikiriň hökümlerini berjaý edip ýaşaýardym. Hatda, şondan hem beter bolmagym ahmaldy. Portugal kapitan meni deňizde halas edip, öz gämisine mündürip, maňa adamkärçilikli, akýürekli hem-de tüýs ýürekden hemaýat eden pursadynda hem mende Allatagala sähelçe-de bolsa şükür etmek duýgusy döremändi. Şondan soň, gämim heläk bolan çagy, gark bolmakdan gutulyp, şu ada çykan wagtymda hem bu waka sebäpli ne-hä toba-tagsyr edipdim, ne-de oňa Allanyň inderen külpeti diýip düşünipdim. Oňa derek, äden ugrumda maňlaýymyň daşa degýänini, doglalym bäri betbagtlykdan gözümiň açylmaýanyny aýdyp, öz-özümi ýepbekleýärdim.

Dogry, şu ada ilkinji gezek aýak basanymda, gäminiň tutuş ekipažynyň gark bolup, bir özümiň diri sypandygymy gören mahalym ruhumda şeýle bir göçgünli joşgun döräpdi welin, şonda keremli Alla medet beren bolsady, şol joşgunyň hakyky şükür duýgusyna öwrülip gitmegi ähtimaldy. Emma welin, meni halas eden Eliň nähili ýagşylyk edendigi, galan hemme kişi gark bolanda bir meni alyp galandygy hem-de Gudraty Güýçliniň näme sebäpli ala-böle maňa rehim-şepagat edendigi hakda hiç hili oýlanman, eýsem diriligime şatlanyp-begenip, göçgünli duýgularym aýrylyp gitdi. Umuman, meniň şatlanyşym edil adaty deňizçileriň gämi heläkçiliginden sag-aman gutulyp, kenara aýak basanlarynda halas bolmagyň şatlygyny bir bulgur punş bilen ýuwup, bar zady şol demde ýatdan çykaryşlary ýalydy. Ada düşelim bäri hem ol şeýleligine galypdy. Hatda şondan soňra, pähimli oýlanyp, öz düşen ýagdaýyma göz ýetirip, adam-garanyň aýagy düşmejek bu eýmenç ýere nädip düşendigim barada oýlanyp, halas bolmak baradaky islendik tamadan rişdämi üzüpdim, emma welin, ýaşamaga umyt döräp, açlykdan ölmejegimi bilen pillämähli gam-gussalarymdan saplandym oturyberdim. Ýüregim ynjalyk tapdy, onsoň men özümi ýaşaýyş şertlerini üpjün etmäge hem-de goranmaga degişli işlere berdim. Şonluk bilen, öz ýagdaýyma gynanmagy, ony ylahy adalatyň netijesi ýa-da Allanyň başymdan inderen gazaby hasap etmekligi bir ýaňa goýdum. Munuň ýaly pikirler kelläme setanda-seýranda gelýärdi.

Eýýäm gündeligimde aýdyp geçişim ýaly, arpa bilen şalynyň gögermegi ilkibaşda maňa az-kem täsir edipdi, şol ahwalatda nähilidir bir gudratyň bardygy barada pikir edenimde, hakykatdan-da, ýüregim eräberýärdi; ýöne eýýäm gürrüň berşim ýaly, gudrat hakyndaky pikirlerim aýrylansoň, onuň döreden ähli täsirleri hem aňymdan

zym-zyýat boldy. Hatda, şu zeýilli närselere bir özi erk edip bilýän, göz bilen görülmeýän Eradany gönümel ýadyňa salýan hem-de tebigatyň iň elhenç hadysasy bolup durýan ýer yranmasynyň hem, ilkibaşdaky gorkym aýrylan dessine, mende döreden täsirleri ýom-ýok bolup ötägidipdi. Hamala diýersiň, bal günüme batan ýaly, ne-hä Allany ýatlaýardym, ne-de başymdan inen şu külpetli günleriň Onuň eradasy bilen bolýandygynyň ýorgudyny ýorýardym. Ýöne men syrkawlap, ölümiň güzaply ejirleri gözümiň öňünde ör-boýuna galan pursadynda, ruhum agyr keseliň labyrynyň astynda ýegşerilip, gazaply ysytma halys ysgyn-rowgatymy alan pillesinde, meniň uzak wagtdan bäri ukuda ýatan wyždanym oýanyp ugrady; men şol wagta çenliki bolup ýörüşim üçin öz-özümi köteklemäge başladym; men diňe şonda öz aç-açan bozgak edähetlerim sebäpli Allatagalanyň öz adalaty bilen, edil menden gazaply ar alýan dek, agyr zarbalary depämden inderendigine düşünip galdym. Şol pikirler kesellänimiň ikilenji we üçülenji günlerinde meni juda ýowuz basmarlady. Ysytmanyň çekdirýän jebrine hem-de wyždanymyň ahmyrly ejirlerine tap getirip bilmän, meniň agzymdan Hudaýa ýalbarýan doga-dileglere çalymdaş sözler çykýardy, megerem, olar arzuw bilen umydyň däl-de, eýsem diňe gorky bilen umytsyzlygyň edýän oýnudy. Pikirlerim bulam-bujardy, öz etimi özüm iýerlidim; şunuň ýaly göz-gülban halda ölüp gitmegiň elhençligi haýýadymy göçürip, jebegämi daraldýardy; jan howluma näme diýip, näme goýýandygymy biler ýaly däldim. Men: «Alla jan, men bir betbagt mahluk! Eger keselläýsem, idi-yssywatsyz ölüp giderin. Halym niçik bolar!» diýip, möňňürip goýberdim welin, gözümden paýrap ýaş gaýtdy, onsoň birsellem içim-içime sygman ýatdym. Şol wagt kakamyň şu hekaýatyň başynda gürrüň berlen ýagşy öwüt-ündewlerini we welilik bilen aýdan sözlerini ýada saldym. Kyblam atam eger ýüregime düwen niýetimden dänmesem, onda Allanyň meni ýalkamajakdygyny, öz pendi-nesihatyny tutmadygyma ahyr bir gün barybir ahmyr etjekdigimi, emma şonda megerem dadyma ýetişere adam tapylmajakdygyny aýdypdy. «Wah, wah-eý» diýip, men gaty ses bilen gürledim: «Mähriban kyblamyň aýdany hak bolup çykdy; Allanyň adalaty ezenegimden ebşitläp tutdy, indi dady-peryýadymy eşidip, haraýyma ýetjek adam bolmaz! Men birkemsiz guwanyp, peýwagtyma ýaşap ýörmeli asuda durmuşy maňa bagyş eden Allanyň kalbyma guýan sesine gulak asmandyryn; muňa ne-hä özüm düşünjek bolupdyryn, ne-de enem-atamyň pendine nesihatyna hä diýipdirin. Men kemakyllyk bilen olaryň bagryny paralap gaýdypdym, indi bolsa, şol eden işimiň netijeleri öz bagrymdan ok bolup geçýärdi. Men olaryň şu dünýäde maňa abraý getirjek, her bir işimi asan etjek hemaýatdyr goldawlaryndan ýüz öwürdim, indi bolsa, men hut tebigatyň özüniňem kömek ederinden çökder kynçylyklara garşy göreşmeli boldum, ýeke özüm, goldawsyz, kömeksiz, ýyly sözden, öwüt-nesihatdan mahrum halda». Onsoň men çydap bilmän: «Eý, Allam, özüňden medet, men bir biçäre bendäň!» — diýip gygyrdym. Bu meniň şonça ýyldan soň ilkinji ýola mynajat edişimdi, elbetde, bolşuna görä.

Ýene gündelige dolanyp geleliň.

28-nji iýun. — Gijeki ukudan soň az-owlak kuwwatlanyp aýaga galdym; ysytmam doly saplanypdyr; gören düýşümiň döreden gorkusy we elhençligi uly hem bolsa,

barybir ysytma tutgaýynyň ertir ýene gaýtalanmagynyň mümkindigini göz öňünde tutdum-da, eger halym teňleşse, gerek bolaýjak gurplandyryjy serişdeleri öňünden jemläp goýmagy ýüregime düwdüm. Birinji işim daşyna galyň mata tutulan äpet çüýşäni suwdan dolduryp, düşegimden elim ýeter ýaly edip, stoluň üstünde goýmak boldy. Men suwuň dümew ýa-da ysytma döredýän täsirlerini aýyrmak üçin, onuň üstüne çärýek pinta barabar rom guýup çaýkaşdyrdym. Ondan soň geçiniň etinden bir bölek kesip, közde kakmaç etdim, ýöne örän azajyk iýip bildim. Aýlaň-çaýlaň etmäge çykdym, ýöne ysgynsyzlykdan ýaňa zordan ýöräp bildim. Üstesine-de gözgyny ýagdaýym barada pikirlenip, ysytmanyň ertir ýene gaýtalanmagyndan howatyrlanyp gam-gussa batypdym. Agşam üç sany pyşdyl ýumurtgasy gyzgyn gora gömüp, çalaja bişirip şamlyk edindim. Şonda, ýadyma düşüşine görä, ömrüme ilkinji ýola nahardan soň Allaha şükür etdim. Nahardan soň, biraz aýlanasym geldi, ýöne şeýle bir mejalym ýokdy welin, iň bärkisi tüpeňimi hem göterip bilmedim. Men hiç haçan tüpeňsiz gezmäge çykmaýardym. Şonuň üçin, kän uzaklaşman ýere çökdüm-de, öňümde asuda, endigan ýaýylyp ýatan deňzi synladym. Şol ýerde otyrkam oýa batdym: «Aňyrsy-bärsi görünmeýän şu deňiz bilen gury ýer nämekä? Bular haçan döredikä? Men kim? Öýdeçi ýa-da düzdeçi, adam ýa-da haýwan, bu janly-jandarlar näme? Biz nireden, nämeden gelýäris? Gürrüňsiz, biziň barymyzy ýeri, asmany, howany, deňizleri ýaradan bir gizlin Erada ýaradypdyr. Ol kimkä?» Ine, şeýlelikde barça zady ýaradanyň Allatagaladygy öz-özünden düşnükli bolup başlady. Soňra bolsa, mende haýran galdyryjy bir pikir döredi: eger Allatagala şu närseleriň hemmesini ýaradan bolsa, diýmek, Ol ýaradan närseleriniň barysyna ýol görkezýän, şol närseler bilen baglanyşykly ähli işlere höküm edýän bolmaly; sebäbi, şolaryň ählisini ýaradyp bilýän Erada hökman olara höküm edip, dogry ýola gönükdirip hem bilýändir. Eger şeýle bolsa, onda Onuň işleriniň ümmülmez giňişliginde hiç bir zadyň Onuň ylmyndan ýa-da takdyryndan bidin amala aşmagy mümkin däl ahyryn.
Eger Onuň ylmyndan bidin hiç zat amala aşmaýan bolsa, Ol meniň şu ýerdedigimi, gözgyny haldadygymy hökman bilýändir; eger Onuň takdyryndan bidin hiç zat amala aşmaýan bolsa, onda başymdan inen şu külpetleri Onuň özi maňlaýyma ýazandyr. Şu çykaran netijelerime gapma-garşy hiçhili pikir kelläme gelmedi, şonuň üçin hem, olar mende has-da güýçli täsir galdyrdy, ýagny, başyma düşen şu ahwalaty Allatagala maňlaýyma ýazan bolmalydy; meni şu gözgyny ýagdaýa Onuň hökümi sezewar eden bolmalydy, çünki Ol diňe bir meni däl, eýsem külli älem-jahany buýrugyna tabyn edýän ýeke-täk güýjüň eýesidi. Men: «Gudraty Güýçli näme üçin meni jezalandyrýarka? Beýle bolar ýaly meniň ýazygym nämedikä?» — diýip, pikir ýumagyny çözläp başlanym hem şoldy welin, birdenkä, göýä diýersiň, küpür geplänim ýaly, wyždanym al-petimden aldy, göwnüme bolmasa, onuň özi dil açana meňzeýärdi: «Päheý, bidöwlet zaňňar! Ýazygym nämekä diýen bolmaň näme seň? Salgyma gyzyp, ýel gysymlan ýaly geçip giden ýyllaryňa bir äňedip gör, nämeler etmändigiňi ilki özüňden sora. Sora, näme üçin sen şu çaka çenli heläk bolman gezip ýörsüň? Nämçün Ýarmut reýdinde gark bolmadyňkaň? Sale şäheriniň garakçylary gämiňizi basyp alanda, garpyşykda öldürilmändiň, Afrikanyň kenarlarynda wagşy ýyrtyjylar seni tüýt-müýt etmändi, şeýle dälmi? Gäminiň tutuş ekipažyndan diňe sen

gark bolman galypdyň gerek? Şonda-da, sen ýazygymyň nämekä diýen bolýaň, şeýlemi?». Wyždanymda dörän bu sowallar meni serpmeden gaýdan ýaly etdi. Aýdara kelam agyz sözüm, öz-özüme berip biljek ýeke jogabym hem ýokdy. Men ünjüli we tukat görnüşde ýerimden turdum-da, pyşdyllap tünegime gaýtdym. Haýatdan aşyp geçdim-de, ýorganagirip ýatmaga çemelendim. Ýöne, gozgalaň tapan gamgyn pikirlerden ýaňa gözüňe uky giräýse dagy nädersiň!? Onsoň men eýýäm iňrik garalandygy üçin, ýag-çyrany otlap, oturgyja çökdüm. Ysytmanyň täzeden tutmagyndan heniz hem juda heder edýärdim. Ine, birdenkä-de, braziliýalylaryň tas islendik kesel üçin derman-därä derek temmäki ulanýandygy güpbe ýadyma düşdi. Sandyklaryň birinde birnäçe düýrüm temmäki bardygyny bilýärdim, düýrümleriň biri doly işlenen taýýar temmäkidi, beýlekiler bolsa, düýrlenip guradylan ýapraklardan ybaratdy.

Şübhesiz, Allanyň özi ýüregime guýan bolmaly, men temmäki gözlemäge hyýallanyp, gowaga baraga-da, şol sandygy açdym welin, ondan ruhumyň hem-de bedenimiň hakyky emini tapdym. Dogrusy, men sandygy açyp, agtarýan zadymy — temmäkini tapdym, ýöne gep onda däl, sandykda gämiden äkelen käbir Injil kitaplarym hem bar ekeni. Ozal hem gürrüň berşim ýaly, şol çaka çenli kitaplara göz aýlamaga hem wagtym bolmandy, hem-de islegim ýokdy. Men bir Injili temmäki bilen bilelikde alyp gaýtdym-da, getirip stoluň üstünde goýdum. Kesel bejermek üçin temmäkini nähili ulanjagymy bilmeýärdim, onuň ysytma peýdasynyň-zyýanynyň bardygy hem belli däldi. Men barybir «bolsa bäş, bolmasa ýigrimi bäş» diýip, çakalla synag geçirmäge girişdim. Ilki bilen men bir ýaprak temmäki alyp, agzyma saldym-da, çeýnäp başladym. Temmäki entek gök hem bolsa, ýitije ekeni. Heniz beýle zada öwrenişmämsoň, ol meniň beýnimi mazalyja dumanlatdy. Ukudan öň bir ölçegjik içmegi ýüregime düwüp, az-owlak temmäkini romuň içine atyp, birki sagat gaýnatdym. Ahyryn bolsa, gyzgyn tabada temmäki tüsseledip, burnumy şoňa ýakyn tutup durdum, temmäkili köz ýüzüme-gözüme çabrap, demikdirerli bolsa-da, bialaç çydamaly boldum. Içime temmäkili tüsse dartyp oturşyma, bir böwşeňlik tapyp, Injili elime aldym-da, okamaga synanyşdym, ýöne temmäkiden ýaňa kelläm sämäp duransoň, birbada synanyşygymy şol gezeklikçe bes etmeli boldum. Emma, kitaby ugralla açan pursadymda ilkinji bilen: «Dertli günüňde Maňa sygyn, Men seni halas ederin, sen bolsaň Maňa alkyş okap, şükür edersiň» diýen jümlä gözüm düşdi. Tüýs meniň ýagdaýyma çemeli şol jümle ony okan wagtym maňa biraz täsir etdi, emma, barybir şol täsir hem geçişdi. Çünki meniň sezewar bolan ýagdaýymy göz öňünde tutanyňda, «halas edilmek» diýen düşünje şeýle bir bimany, şeýle bir amala aşmakdan uzakdy welin, iýer ýaly et wada edilende Ysraýylogullarynyň «Allatagala şu çöl-beýewanda nädip saçak ýazyp bilerkä?» — diýip, soraýyşlary dek, men hem «Allatagala meni bu ýerden nädip halas edip bilerkä?» — diýip, hümürdedim. Şol wakadan soň ençeme ýyllap halas bolmak hakynda hiç hili umydyň ýüze çykmazlygy sebäpli, şol pikir agramly bolmagynda galdy. Barybir, şojagaz jümle maňa şeýle bir uly täsir edipdi welin, soň-soňlar hem ol barada göwün ýüwürdip gezdim.

Eýýäm garaňky düşüpdi, temmäki tüssesinden ýaňa halys kelläm güwläp, gabaklarym barha aşak bürülýärdi. Gije bir zat zerur bolaýsa diýip, gowakdaky ýag-

çyrany öçürmän ýorgana girdim. Ýöne uka gitmänkäm, ömrümde hiç haçan etmedik bir işimi etdim: men dyzyma çöküp durdum-da, Allatagaladan eger dertli günümde Oňa sygynsam, onda Onuň meni halas etjekdigi baradaky wadasyny ýerine ýetirmegi üçin doga-dileg etdim. Men üzlem-saplam, düşnüksiz dilegimi soňladym-da, temmäki goşup gaýnadan romumy içdim welin, edil ýöne zakgun ýaly bokurdagymdan zordan ötdi. Onsoň, men şolbada ýorgany başyma çekdim. Içginiň zory kellämi ýaryp barýan-da bolsa, asuda uklap galypdyryn. Ertesi gün oýanan mahalym, günden çen tutup, wagtyň öýlän sagat üç töweregi bolandygyny hasapladym; ýok, aslynda men ertirligi günuzyn, gijesi bilen bilelikde ýatyp geçirip, diňe üçülenji gün öýlän turan bolmaly. Sebäp diýseň, ençeme ýyl geçensoň ýüze çykyşy ýaly, öz ýöredýän hepdelik gün hasabymdan bir güni nädip sypdyrandygymy başga hili düşündirmek mümkin däl. Eger ekwator çyzygyna görä wagt süýşen bolanlygynda, onda bir däl-de, has köp gün süýşen bolmalydy. Emma men, şeksiz, ýekeje güni sypdyrypdym, ýöne munuň nähili bolandygyny welin, hiç haçan bilip bilmedim. Gepiň tümmegi, haýsysy bolanda-da, men ukudan oýanan wagtym özümi örän gujurly duýýardym, meniň keýpim kök, şähdim açykdy. Ýerimden turanymda, düýnkä görä has çulumdym. Aşgazanym ganymatlaşan borly, içim eljuk diýýärdi. Şol gün az-kem bildirse-de, meni ysytma tutmady. Şol gün iýun aýynyň 29-dy.
Aýyň 30-y güni, elbetde, meniň örän gowy gün boldy. Men tüpeňimi alyp, gezelenje çykdym, ýöne öýümden o diýen uzaga gitmedim. Kazarka ördegine çalym edip duran iki sany deňiz guşuny awlap, öýe äkeldim. Ýöne, olary iýmäge onçakly ýürek etmän, örän tagamly pyşdyl ýumurtgalaryndan aňryma oba gondurdym. Agşamlyk ýene öňňunky dermandan, ýagny temmäki bilen gaýnadylan romdan içdim, şu gün saglygymy dikelden şol bolmalydy. Ýöne bu gezek azajyk şilpildedip oňdum. Ýapragam çeýnemedim, burnumy temmäkiniň tüssesine-de tutmadym. Şeýle-de bolsa, ertirligi, 1-nji iýulda özümi tama edişim ýaly gowy duýmadym; sebäbi, az-kem üşüdip, ýoňladym.
2-nji iýul. — Temmäki dermanymy ilkinji gezekdäki ýaly üç usulda hem berjaý etdim. Temmäkili romy iki esse edip içdim.
3-nji iýul. — Ysytmadan gutarnykly saplandym, emma kuwwatlanýançam birnäçe hepde gerek boldy. Şeýdip güýjümi toplap ýörkäm, men otursam-tursam “seni halas ederin” diýen aýat hakynda oýlanýardym. Halas bolmak baradaky inçe umydym gury ham-hyýal bolup aňymda pelesaň urýardy; ýöne şu hili pikirlere üstümi basdyryp, diňe häzirki heläkçilikden halas bolmak hakynda şunça kelle çişirip ýörşüme, mundan ozalky halas bolan gezeklerimi unudandygym hakydama geldi. Onsoň men öz-özüme şeýle sowallar bilen ýüzlendim: «Gözümiň oduny alan iň bir elhenç ýagdaýdan, ýagny syrkawlygymdan ajaýyp gudrat bilen açylmadymmy? Şoňa berin üns berdimmi? Minnetdar boldummy? Alla meni halas etdi, ýöne men Oňa alkyş okap, şükür etmedim, diýjek bolanym, muňa halas bolmak hökmünde garap, minnetdar bolmadym; ýeri, onsoň, men nädip has saldamly halas boluşdan tamakin bolýarkam?» Şol pikir ýüregimiň doňuny eretdi; men ur-tut dyzyma çökdüm-de, meni keselden halas edendigi üçin Beýik Allatagala şükür etdim.

4-nji iýul. — Irden Injili elime alyp, «Täze bölümi» açdym we agraslyk bilen okamaga başladym. Indi irden-agşam her gün iki gezek, «pylança bap» diýip oturman, tä kelläm ýadaýança birsellem Injil okamagy özüme hökmany edip belledim. Şol işe çynlakaý çemeleşip ugranymdan soň kän wagt geçmänkä, bihuda öten ömrüm sebäpli meniň ýüregimde düýpli, päk ýürekli ynjama peýda boldy. Gören düýşümi ýatlap inim jümşüldedi; “Şunça bolan wakalar seni henizem toba getirmändir” diýen söz aňymda köwsarlap ugrady. Tüýs ýüregimden Allatagala nalyş edip, tobamy kabul etmegini diläp, dek şol gün Injil okap otyrkam, Alla tarapyn: «Ol tobalary kabul edip, ýalkaýan şany beýik Halas ediji Hökümdardyr» diýen sözleriň üstünden bardym. Men ur-tut kitaby ýere taşlap, gollarymy asmana göterip, begenjimden içim-içime sygman, tüýs ýüregimden: «Eý Isa, sen Dawudyň ogly! Eý şany beýik Halas ediji Hökümdar! Tobamy kabul et!» — diýip, gaty ses bilen gygyrdym. Sözüň hakyky manysynda, şol meniň ömrümde mynajat eden ilkinji gezegimdi; çünki indi men öz ýagdaýyma hem-de Beýik Allatagalanyň kelamynyň berýän hakyky umydyna aýadyň esasynda garap dileg edýärdim. Şol pursatdan başlap, Allatagalanyň meniň dadymy eşitjekdigine mende umyt döredi.
Men indi «Dertli günüňde Maňa sygyn, Men seni halas ederin, sen bolsaň Maňa alkyş okap, şükür edersiň» diýen aýata ozalkymdan has başgaça düşünip başladym. Sebäbi, ozal şu adadaky tussaglykdan sypmakdan başga hiç bir zada «halas bolmak» hökmünde garamaýardym. Tussaglyk diýýänim, adada «öz elim — öz ýakam» bolsa-da, barybir bu ýeri meniň üçin tussaghana hasabydy, onda-da dünýädäki iň ýowuz manyda. Ýöne indi men bu söze başgaça many bermegi öwrenipdim: indi men öz geçmişime juda eýmenip ser salýardym, günälerim maňa şeýle bir ötülmez-geçilmez bolup görünýärdi welin, ýüregim Allatagaladan diňe bar ynjalygymy gaçyryp, gerdenimden asylýan şol günälerimiň ýükünden meni halas etmegini isleýärdi. Çekýän ýalňyzlygym şol ýüküň ýanynda hiç zat bolup galýardy. Men ýeke ýaşamakdan halas bolmak üçin onçakly dileg etmedim, hatda şol kelläme-de gelmändir. Günälerime deňäniňde ojagaz indi gözüme-de görünmeýärdi. Men bu zatlary şu hekaýaty okap görjek okyjylar «ahwalatlaryň düýp manysyna göz ýetiren pillelerinde günälerden halas bolmagyň betbagtlykdan halas bolmakdan has haýyrlydygyny görerler» diýip aýdýaryn.
Bu gürrüňi şu ýerde soňlap, gündelige gaýdyp geleýin.
Ýaşaýşymdaky kynçylykar kän bir üýtgemedik bolsa-da, indi göwnüm birneme aram tapypdy. Yzygiderli Injil okamak hem-de Gudraty Güýçli Allatagala mynajat etmek arkaly meniň oý-pikirlerim has belent häsiýetli närselere gönügip, kükregim ozal maňa düýbünden nätanyş bagtyýarlyk hem-de rahatlyk duýgusy bilen joşup durdy. Onsoň men saglygym we güýç-kuwwatym dikelendigi üçin, özüme zerur bolan zatlaryň üpjünçiligi bilen täzeden hysyrdanyp başladym, özümem ýaşaýyş edähetlerimi başardygymdan saýhala saldym.
4-nji iýuldan 14-nji iýula çenli, men köplenç elime tüpeňimi alyp gezelenje çykdym, ýöne öýden kän daşlaşman, keselden soň heniz özüni dürsäp ýetişmedik näsag ýaly, gezelenç wagtymy her gün az-azdan köpeltdim. Nähili lagar düşüp, horlanandygymy göz öňüne getirmek hem kyn.

Meniň temmäkili emim düýbünden täze açyşdy, megerem, mundan ozal, hiç kim ysytmany şeýdip bejeren däl bolsa gerek. Şonda-da, men ony hiç bir näsaga maslahat berip biljek däl. Ol ysytmany aýran hem bolsa, bar ysgyn-mydarymy alyp, süňňümi gowşadypdyr, sebäbi şondan soň wagtal-wagtal degnalarym dartylyp, synalarym çekdi durdy. Ondan başga-da, şol kesellänim maňa ýagyşly möwsümde, esasan hem, harasat we gaý-tupan gatyşykly ýagyşlarda daşaryk çykmagyň saglygym üçin diýseň hatarlydygyny öwretdi, çünki gurak möwsümde harasat gopan mahaly ýagýan ýagyşlar sentýabr-oktýabr aýlarynda ýagýan adaty ýagyşlardan has howply bolýar ekeni.

## VII BAP

Şu tukat adada ýaşap ýörenime on aýdan gowrak wagt bolupdy. Bu adadan gaçyp gutulmagyň hiç hili alajy ýok ýalydy, bu çola ýere adam aýagynyň sekmändigine men pugta ynanýardym. Mesgenimi öz göwün islegime görä mäkämläp dynanymdan soň, mende adany has göwnejaý aýlanyp çykmaga hem-de şu çaka çenli maňa nämälim nähili haýwanlaryň, ösümlikleriň bardygyny bilmäge bolan güýçli höwes döredi.

Men 15-nji iýul güni, bilimi berk guşap, adanyň bir ýan çetinden başlap, jaýdar synlamaga girişdim. Ilki bilen, kenaryna sal ýüzdürip getiren buhtajygyma bardym. Buhtajygyň boýuny syryp, ýokarlygyna iki mil çemesi ýöräp giden wagtym, daşgynyň bu ýere gelip ýetmeýändigini gördüm, buhtajygyň bolsa, örän dury, süýji suwly bir çeşmäniň deňze guýýan ýeridigine göz ýetirdim. Gurak möwsümdigi sebäpli, çeşmäniň hanasynda onçakly suw ýokdy, ol insizje zolak ýasap, zordanjyk şildiräp akýardy. Çeşmäniň iki ýakasynda sonarly ösgün gök otlara basyrynyp oturan, seýrek agaçly we gyrymsy ösümlikli, eliň aýasy ýaly tekiz, ajaýyp çemenzarlyklar ýaýylyp ýatyrdy; olaryň kem-kemden beýgelip baýyrlara ulaşyp gidýän, suw joşguny ýetmeýän ýerlerinde bolsa uzyn, syrdam sütünli birgiden temmäki agaçlary gök öwsüp otyrdy. Ol ýerde ömür görmedik, nähili aýratynlyklarynyň bardygy bilmeýän her dürli ösümliklerim ösüp oturan ekeni. Men manioka agajyny agtardym, ýöne tapyp bilmedim. Şu yklymyň ýerli indeýleri şol agajyň kökünden un ýasap, çörek bişirinýärdiler. Men aloeler maşgalasyna girýän ullakan ösümlikleri hem gördüm, emma olardan nähili peýdalanyp boljakdygyny anyklap bilmedim. Olardan başga-da, şekerçiňrigiň hem ençeme görnüşine duş geldim, ýöne olar ýabany ösensoň, hili onçakly däldi. Men şol günlükçe şol açyşlarym bilen kanagat edip, öýe dolandym. Ýolda gelýärkäm, üstüni açan ösümliklerimiň, miwelerimiň nähili häsiýetleriniň bardygyny, olardan nähili peýdalanyp boljakdygyny öwrenmegiň usuly barada oý-pikire çümdüm. Ýöne belli-külli bir netijä gelip bilmedim. Umuman aýtsam, Braziliýada ýaşan döwrümde ol ýeriniň ösümlik dünýäsi bilen o diýen gyzyklanmanym üçin, meýdanda ösýän ösümlikleri kän bir tanamaýardym; iki-ýeke ösümlik barada bilýän maglumatlarym bolsa, häzirki çykgynsyz ýagdaýymda derde ýarajak däldi.

Ertesi gün, aýyň 16-synda, ýene öňki ýol bilen ýöräp gitdim; düýnki ýerden biraz aňryk geçen wagtym, çeşme we seýrek agaçly, gyrymsy ösümlikli çemenzarlyk gutardy. Bu ýerler öňkä garanyňda has tokaýlyk ekeni. Adanyň şol künjeginde her dürli ir-iýmişleri, esasan hem, ýerde bol-elin togalanyşyp ýatan gawunlary hem-de agaç şahalaryndan sallanyşyp duran üzüm hoşalaryny tapdym. Üzümleriň gollary hakykatdan-da agaçlara çyrmaşyp gidipdir, eräp akarly görünýän, bala dönen üzüm hoşalary bulduraşyp, salkym-salkym sallanyşyp, özlerini güjeňläp otyrdy. Men bu haýran galdyryjy açyşa hoşwagt bolup, depäm göge ýetdi; emma, men üzümleri örän ägä bolup iýmelidigini öz tejribelerimden bilýärdim, sebäbi Berberler ýurdunda ýesirlikde bolanymda, özüm ýaly gul edilip saklanýan birnäçe iňlis dostumyň üzümden aşa düşüp, içgeçme bilen ysytma tutup amanadyny tabşyrandygy ýadyma düşüp durdy. Ýöne welin, men bu üzümlerden peýdalanmagyň örän oňat usulyny tapdym, ýagny, olary güne serip, kişmiş edip ýygnap goýmalydy. Üzüm hasyly sowlansoň, kişmişler agyz süýjedip iýmäge boljakdy.
Men öýüme dolanman, gijäni şol ýerde düşläp geçirdim. Dogrusyny aýtsam, şol gije meniň adada ýaban ýatan ilkinji gijäm boldy. Men kenara çykan gijämde bolşy dek, bir agaja dyrmaşyp mündüm-de, şol ýerde ýatyp ukyny urdum, irden bolsa, öz gezelenjime dowam etdim. Öňümden çykan jülgäniň uzynlygyndan çen urup aýtsam, men demirgazyga tarap dört mil çemesi ýol ýörändirin. Gyrmyldap barýarkam demirgazyk we günorta tarapymda baýyrlaryň örküç-örküç gerişleri beýgelip gidýärdi. Ýörişimiň ahyrynda günbatarlygyna bakan endigan peselip gidýän bir sonarly düzlügiň üstünden bardym. Meniň aýak çeken ýerimdäki baýryň eňňidinden lummurdap çykýan bir çeşmejik, ters ugra, ýagny gündogara bakan akyp ýatyrdy. Ol ýerde daş-töwerek edil adam eli bilen ekilip bejerilen bagy-bossançylyk deýin baglar gök salyp, al-elwan, hil-hil otlar gök-parç boluşyp otyrdy, ähli gül-gunçalardan bahar paslynyň hoşboý ysy burk urýardy. Men şol täsin jülgäniň ýapgydy bilen azajyk aşak düşüp barşyma, gussaly duýgular bilen gatyşykly içgin lezzet bilen degre-daşyma aňkaryp seredýärdim. Men bu jelegaýlaryň hemmesiniň öz emlägim hasap edilýändigi, özümiň gep-gürrüňsiz bu ýerleriň hökümdary hem-de hojaýynydygym, bu adany öz eýeçiligime geçirmäge hukugymyň bardygy, eger başarsam, edil Angliýadaky islendik bir mülküň lordy kimin bu topraklary öz neberelerime miras galdyryp biljekdigim barada süýji hyýallara gark boldum. O taýda gögerip oturan agaçlaryň kakao diýermiň, apelsindir limon diýermiň, garaz sanasaň sogaby bardy, ýöne ol agaçlaryň ählisi ýa-ha ýabany ösýändigi ýa-da hasyly sowlandygy sebäpli, iki-ýekesinde bolaýmasa, şahalarynda örän az miwe bardy. Şeýle-de bolsa, meniň ýygyp alan gök laým-limonlarym diňe bir tagamly bolman, eýsem öte ýokumly hem bolup çykdy. Soňra limonlary sykyp, suw goşup içdim welin, ol janyma tenekar bolup, maňa güýç-kuwwat berdi. Indi şol miwelerden ýygyp, öýe daşamak bilen baglanyşykly ep-eslije iş çykypdy. Çünki, men ýetip gelýändigi äşgär bildirýän ýagyşly möwsümde özümi üzüm, laým hem-de limon bilen üpjün etmek üçin, gowagyma şolardan ýygyp, basyp goýmagy müwessa gördüm. Şol maksat bilen hem, men üzüm baryny ýygdym-da, biri uly, biri has kiçiräk iki sany tümmek edip, üýşürip goýdum. Başgarak bir ýerde bolsa, limondyr laýmlardan uly bir tümmek ýasadym.

Onsoň, miwedir üzümleriň hersinden elime syganyndan aldym-da, öýüme bakan ugradym. Galanyny daşamak üçin bolsa, halta ýa-da torba alyp, ýene dolanyp gelmegi ýüregime düwdüm. Şeýlelikde, üç güne çeken syýahatymy tamamlap, öýe gaýdyp geldim (men indiden beýläk öz çadyrym bilen gowagymy «öýüm» diýip atlandyrmakçy), ýöne öýe gelip ýetýänçäm elimdäki üzümler zer-zaýa boldy. Süýjüliginden ýaňa eräp akyp barýan üzüm hoşalary öz agramyna mynjyrap, hiç hili iýerligi galmady. Laým-limonlar durumly ekeni, ýöne olardan az-owlak alyp gaýdypdym.
Ertesi gün, aýyň 19-ynda, men ýygan hasylymy öýe getirmek üçin, egnime iki sany kiçijek halta atyp, ýene şol ýere gitdim. Emma welin, üzüm tümmekleriniň ýanyna golaýlaşan pilläm, ýygan wagtym bulduraşyp gözüňi dokundurýan üzüm hoşalarynyň tüýt-müýt edilip, basgylanyp, aýak astynda, köpüsi iýlen halda leýs bolup ýatandygyna gözüm düşüp, men edil serpmeden gaýdan ýaly boldum. Diýmek, bu iş şu jelegaýda sümsünip ýören, nä tüýsli mahlukdygy näbelli käbir jandarlaryň etmişi bolmaly diýip, men öz ýanymdan pikir öwürdim. Şonda, ne-hä üzümleri küdeläp goýup bolmajagyna, ne-de halta salyp, äkidip bilmejegime göz ýetirdim, sebäbi münderläp goýsaň näme boljagy eýýäm bellidi, halta salsaňam, barybir öz agramyna mynjyrap, suw boljakdy. Onsoň başgaçarak bir hokga oýlap tapdym. Men üzüm baryny ýygdym-da, güne gurar ýaly agaçlaryň ýalaňaç şahalaryndan asyp, sallaşdyryp çykdym. Laýmdyr limonlary bolsa, halta gapgaragadan, göterip bilenimden arkama atyp, öýe gaýtdym.
Syýahatymy aýaklap, öýde ýük ýazdyran wagtym, men jülgäniň bitginlidigini, onuň uçursyz gözelligini hem-de harasatlardan göwnejaý penalanýandygyny, çeşme-çaýlaryň şarlaşyp, tokaýlygyň gök öwsüp oturşyny lezzet bilen hyýalymda janlandyrdym we ýurt tutunmak üçin adanyň iň bir bolar-bolmaz bölegini saýlap alandygyma göz ýetirdim. Umuman şeýdip, men öýümi göçürmek barada pikirlenip başladym. Nesibäm çekip, şol gök-parç bolup oturan sapaly jülgeden häzirki öýüm ýaly howp-hatardan ýaňa hatyrjem bir ýerjagaz edinsem gül ýaly boljakdy.
Bu pikir uzak wagtlap kellämde aýlandy durdy, men öýümi göçürmäge örän döwtalapdym. Jülgäniň taýsyz gözelligi meni özüne maýyl edýärdi. Emma welin, bu meselä has ýakyndan garanymda, şu wagtky ýaşaýan ýerimiň deňziň kenaryna juda ýakyndygyny, şu ýerde bolsam, meniň bähbidime kybapdaş nähilidir bir wakanyň ýüze çykmagynyň mümkindigini hem-de meni şu jelegaýa oklan şum täleýiň belki başga betbagtlary hem şu ada getirip taşlamagynyň ähtimaldygyny, ýöne şol hili hadysanyň bolmagy onçakly mümkin görünmese-de, barybir adanyň ortarasynda baýyrlar bilen tokaýlaryň jümmüşinde gabalyp oturmagyň diňe bir ömürlik şu taýda galmaga razy bolmagy däl-de, eýsem halas bolmak umydymy azaltmaklygy, hatda düýp-teýkary bilen ýok etmekligi hem aňlatjakdygyny göz öňünde tutup, hiç hili suratda häzirki ýerimden gozganmaly däldigim barada netijä geldim. Şeýle-de bolsa, şol jülge meni şeýle bir owsunlapdy welin, iýul aýynyň galan günlerinde wagtymyň köp bölegini şol ýerde geçirdim. Ölçerip-döküp, öýümi göçürmezlik barada netijä gelen-de bolsam, jülgede bir kiçeňräk telär gurup, daş-töweregine syrdambitin pürslerden dikişdirip, ör-boýuma ýetip duran, jebis iki gat aýmança ördüm. Iki

örümiň aralygyny bolsa, çybykdyr çöňürtge bilen basgylap doldurdym. Howlujygym indi örän ygtybarly ýer bolupdy. Şeýlelikde, kämahallar bu ýere iki-üç gijelik ýatymlaýyn gelmäge başladym. Aýmançanyň üstünden merdiwana dyrmaşyp geçýärdim. Şeýlelikde, indi men öz ýanymdan «jülgede-hä telärli howlym, deňziň kenarynda bolsa, öýüm bar» diýip hasap edýärdim. Telärli howly bilen baglanyşykly işler awgust aýynyň başyna çenli dowam etdi.
Men aýmançanyň örümini ýetirip, ýaňy bir çeken zähmetimiň hözirini görüp ugrapdym welin, birdenkä ýagyşlar ýagyp başlady. Onsoň men öňküje tünegimde uzak möhletläp busup ýatmaly boldum. Aslynda, men telärli howla ýelken eltip, edil gowakdaky ýaly edip bir çadyr gurunypdym, ýöne welin, ol ýerde ne-hä meni harasatlardan penalajak baýyr gerşi, ne-de şabyrdap guýýan güýçli ýagyşlardan gaçyp atar ýaly gowak bardy.
Aýdyşym ýaly, awgustyň başlaryna çenli telärimi gurup gutardym we ýaýnap, dynç almaga başladym. 3-nji awgustda, serişdirip, asyp goýan üzüm hoşalarymyň günüň howruna birkemsiz gurap, baldan datly kişmişe öwrülendigini gördüm. Onsoň men ýeňimi çermäp, olary agaçdan düşürmäge girişdim. Şeýdenim jüpüne düşüpdir, ýogsam jybarlap-köwsarlap ýagmaga ýüz uran ýagyşlar olary haraplap, gyşlyk azygymyň iň ajaýyp bölegini harama çykaraýjak ekeni. Meniň kişmiş eden ullakan-ullakan hoşalarymyň sany iki ýüzden hem geçýärdi. Kişmişleriň barysyny agaçdan düşürip, aglabasyny gowaga daşap gutaranymyň yzysüre, howa gamaşyp, bulutlar asmanyň ýüzüni perdelemäge başlady. Şol günden, ýagny awgustyň 14-den başlap, tä oktýabryň ortalaryna çenli her gün azdan-känden dynuwsyz ýagyş ýagdy. Kä günler dagyn şeýle bir jala gelip, töwerek suw-sil bolýardy welin, telim günläp gowakdan çykyp bilmän oturýardym.
Şol ýagyşly möwsümde, duýdansyz ýerden «maşgalamyň» sany köpeldi oturyberdi. Gowakda saklaýan pişiklerimiň biri näçe wagtdan bäri edil guýa gaçan ýaly gürüm-jürüm bolupdy. Oňa juda haýpym gelip, gynanyp ýördüm. Pişik janawer bir ýerde ölüp galandyr öýdübem göwnüme getirýärdim. Ana şol pişik, meni haýran galdyryp, awgust aýynyň aýagynda, üç sany çagasyny yzyna tirkäp, öýe geläýdi. Meni iň bir geň galdyran zat, öýdäki pişiklerimiň ikisi hem urkaçydy. Ýöne çaga pişikleriň üçüsem öz öýdeçi eneleriniň jynsyna meňzeş bolansoň, men olaryň atasy barada juda iňkise gitdim. Dogrusy, ozal bir ýabany pişigi tüpeňim bilen atyp öldüripdim, ýöne onuň jynsy ýewropa pişiklerinden düýpgöter üýtgeşikdi ahyryn. Şol tapmaça-da älhepus täsin boldy. Soňundan şol üç pişik çagalap, ýyrtylan sanaçdan dökülen ýaly, şeýle bir nesil ýaýradyp, köpeldiler welin, maňa tüýs ulukjyn aldyryp, bizar-peteňimi çykardylar. Onsoň ahyr bir gün halys sabyr käsäm püre-pürlenip, ganym depäme uranda, ýaňkylary şeýle bir gyran-jyrana saldym welin, öleni öldi, galanam jyrraýlyp, gaçyp ummadan çykdy.
Awgustyň 14-nden 26-syna çenli üznüksiz ýagyş ýagdy, men hem öýden çykman oturdym, sebäbi indi ygally howadan örän äga bolýardym. Gowakda oturyp geçiren döwrümde, azykdan juda kösenip ugradym. Şol sebäpli, iki gezek dagyn bagta töwekgellik edip awa çykdym. Birinji gezekde bir geçi awladym, aýyň 26-syna gabat gelen ikinji gezekde bolsa, äpet bir pyşdyly ele saldym. Men onuň şirin etinden zerrin

bolup, gerk-gäbe doýdum. Şol arada men öz iýmitlenişimi hem gündelik kada saldym: irden bilenjik bir hoşa kişmiş, günorta naharda oda daglanyp, kakmaç edilen bir loňňa geçi ýa-da pyşdyl eti (çünki börtmeç ýa-da çorba bişiriner ýaly pitiden gazandan hiç zadym ýokdy), agşam bolsa, köze gömülen iki-üç sany pyşdyl ýumurtgasyndan ybarat ýeňiljek şamlyk — ine, bolany.

Ýagyşlaryň diňmegine garaşyp geçiren şol günlerimde, men gol gowşuryp oturman, günde iki-üç sagat gowagy giňeltmek bilen meşgullandym. Gowagy gapdallygyna köwüp, insizje ötük ýasap, haýatyň daş ýüzünden baýry böwsüp çykýançam gazmaga dowam etdim. Emele gelen girelgä bir gapy emel etdim-de, şondan girip-çykyp başladym. Emma howlynyň bir ýanyny beýdip açyp goýmak ynjalygymy gaçyrdy. Sebäbi ozal çar tarapym doly ýapylgydy, indi bolsa, daşardan gelip biljek islendik jandar bilen pete-pet boljagym ikuçsuzdy. Şonda-da, adada müçesi geçiniňkiden uly jandara duş gelip görmändigim üçin, onçakly howatyr edesi zat ýokdy.

30-njy sentýabr. — Şu gün ada gelip düşenime bir ýyl boldy. Men sütündäki kertikleri hasaplap görsem, kenara aýak basanyma tegelek üç ýüz almyş bäş gün bolupdyr. Men şu güni beýleki dini ybadatlardan tapawutlandyryp, mübärek oraza güni diýip belledim. Tüýs ýüregimden tagzym edip, Allatagalanyň huzurynda ähli günälerimi boýun aldym, Onuň men baradaky hökümleriniň hakdygyny kabul etdim, meni hezreti Isanyň hormatyna ýalkamagy üçin ýalbardym. Gün eňegini ýere berýänçä, on iki sagatlap duz datman agyz bekledim, soňra bolsa, külçe hem-de bir hoşa kişmiş bilen agzymy açdym. Nahardan soň, günümi başlaýşym gutaryp, ýorgana girdim. Şol çaka çenli men ýekşenbe günlerini bellemändim, sebäbi ilkibaşda meniň kellämde hiçhili din düşünjesi ýokdy. Wagtyň geçmegi bilen, ýekşenbe gününiň kertigini beýlekilerden has uzyn edip, hepdeleri biri-birinden tapawutlandyrmagy hem unudypdyryn. Şonuň üçin hem hepdäniň günlerini anyk bilmeýärdim. Ähli günleriň jemini hasaplap tegelek bir ýylyň dolandygyny takykladym. Onsoň, başdan başlap, her ýedinji kertigi ýekşenbe güni diýip belläp çykdym. Şol arada bir ýa-da iki günüň kem çykýanyny hem takykladym. Şondan soň kän wagt geçmänkä, gündelik ýazýan syýam paýawlap ugrady. Şol sebäpli her bir zady günübirin ýazmagy bes edip, syýany has tygşytly ulanmagy we durmuşymyň diňe iň wajyp wakalaryny ýazmagy müwessa bildim.

Men indi ýagyş ýagýan möwsüm bilen gurak möwsümiň gezekleşigini saýgaryp bilýärdim, şoňa görä, her möwsüm üçin aýratyn taýýarlyk görmegi öwrenipdim. Emma, bu tejribäni öwrenmeklik maňa gaty çökder düşdi; men häzir iň zabun tejribelerimiň biri bolan şol tejribe barada gürrüň bermekçi.

Gaýanyň gyrasynda gögerip oturan arpa bilen şaly baldajyklaryny görüp nähili haýran galandygym, hem-de olary öz-özünden çykandyr öýdendigim hem-de bişen wagty olaryň birnäçe sümmülini ýygnap goýandygym hakynda men eýýäm agzap geçipdim. Ýalňyşmaýan bolsa, otuz töweregi şaly hem-de ýigrimi çemesi arpa sümmüli bardy. Men ýagyşly möwsüm gutaryp, gün ekwatordan günorta tarapa süýşensoň, ekiş üçin iň amatly wagt gelip ýetdi diýip hasap etdim. Men agaç pilim bilen bir bölejik ýeri bolşuna görä agdaryp, pel çekdim-de, ony deň ikä bölüp, şaly bilen arpa dänelerini sepeleşdirdim. Ýöne, hernä, şol wagt «bar dänäni bir gezekde

sepmäýin» diýen pikir kelläme geldi, sebäbi men ekişiň wagtyny heniz anyk bilemokdym. Şonuň üçin, dänäniň üçden iki bölegini topraga sepip, arpa bilen şalynyň hersinden tohumlyk hökmünde bir goşaowuç alyp galdym. Meniň şeýdenim gaty bähbide çekipdir, sebäbi ilkinji ekişimden hiç hili gögeriş bolmady; ekişiň yzysüre ýagyşsyz aýlar başlandygy üçin, mellejigiň topragy yzgarsyz galyp, tohumlar hiç hili şine ýaryp bilmedi. Täzeden ýagyşly möwsüm gelensoň welin, olar edil ýaňy ekilen ýaly gögerip, boý atmaga başlady. Ilkinji eken tohumlarymyň gögermändigini görüp, muňa guraklygyň sebäp bolandygyna ýeňillik bilen göz ýetirdim. Onsoň men başga synag geçirmek üçin telärli howlymyň ýanjagazyndan ýer agdaryp, çaklaňja atyz çekdim-de, fewral aýynda galanja tohumy şol ýere ekdim. Şonda gije-gündiziň ýazky deňleşmesiniň öňüsyrasydy. Mart we aprel aýynyň bereketli ýagyşlary topragy bolelin yzgarladansoň, däneler birenaýy ygşyldap, gök maýsa boldy we bol hasyl getirdi. Emma tohumyň barysyny ekmäge töwekgelçilik edip bilmän, diňe bir bölegini ekendigim sebäpli, her sortdan dört ýarym litre ýeter-ýetmez örän ujypsyzja hasyl aldym. Oňa derek şol tejribäm arkaly öz hünärimiň ussadyna öwrüldim, ýylyň haýsy möwsüminde ekiş ekmelidigine bäş barmagym ýaly belet boldum. Indi men her ýyl iki gezek ekin ekip, hasyl alyp bilýärdim.

Şol ekinim entek maýsalap otyrka, soňundan näçe diýseň derdime ýarajak kiçijik bir açyş etdim. Takmynan noýabr aýy uçurlarynda, ýagyşlar diňip, howa açylan pillesi, men näçe aýdan bäri baryp görmedik jülgedäki telärli howlyma gitdim. Ähli zat goýşum-goýşum ýaly duran ekeni. Iki gat edip ören aýmançam mizemän, süňňi bitin saklanypdyr. Bir görsem, golaý-goltumda ösüp oturan agaçlardan çapyp alyp, aýmança üçin ýere kakyp çykan syrdam pürslerim edil dik öseri kesilen söwüt agaçlary ýaly pudaklap, uzyn-uzyn gol ýaýradyp giden ekeni. Pürsleri kesip alan agajymyň adyny bilemok. Emma welin, aýmançadaky pürsleriň şaha çykaryp, gök öwsüp oturmagyna hem geň galdym, hem göwnüm hoş boldy. Men olary pudap, biri-birlerine gyradeň öserleri ýaly birlaý timar berip çykdym. Ol ýaşajyk agaçlar üç ýylyň içinde şeýle bir owadan bolup ösdi welin, gözüň bilen görmeseň ynanar ýaly däldi. Töweregi şol janly haýat bilen gurşalan howlynyň diametri ýigrimi bäş metr çemesi bolsa-da, aýmançadaky agaçlar (indi olara agaç diýsem-de boljakdy) basym öz şahalary bilen howlynyň üstüni bütinleý ýapyp, goýry kölege saldy. Indi tebit alýan jokrama yssyda şu ýerde salkynlap oturybermelidi. Men bu ýagdaýy gördüm-de, ýene şol agajyň pürslerinden çapyp, birinji öýümiň diwarynyň daş ýüzüne ýarym halka edip, edil şunuň ýaly janly haýat aýlamagy ýüregime düwdüm. Maksadyma-da ýetdim. Agaçlary, has dogrusy, ýaşajyk pürsleri öňki haýatdan sekiz ýard aradaşlyga iki hatar edip, ýere kakyp çykdym. Janly haýat kän wagt geçmänkä düýp tutup, ilkibaşda gür ýapraklary bilen howlyma salkyn kölege saldy, soňra bolsa, ajaýyp gorag bolup hyzmat etdi. Bu barada öz ýeri gelende gürrüň bererin.

Bu ýerde ýylyň pasyllaryny Ýewropadaky ýaly ýaz, tomus, güýz we gyş pasyllary diýip däl-de, umuman iki sany ýagyşly we iki sany hem gurak möwsüme bölmek mümkin. Olar ine şeýleräk:

Gün ekwatoryň üstündekä ýa-da şoňa golaý wagty, ýagny fewralyň ikinji ýarymynda, martda we apreliň birinji ýarymynda — ýagyşly.

Gün ekwatordan demirgazyk giňişlige tarap süýşende, ýagny apreliň ikinji ýarymynda, maýda, iýunda, iýulda we awgustyň birinji ýarymynda — gurak.
Gün ekwatora dolanyp gelen wagty, ýagny awgustyň ikinji ýarymynda, sentýabrda we oktýabryň birinji ýarymynda — ýagyşly.
Gün ekwatordan günorta giňişlige tarap süýşende, ýagny oktýabryň ikinji ýarymynda, noýabrda, dekabrda, ýanwarda we fewralyň birinji ýarymynda — gurak.
Ýagyşly möwsümler kähalatda şemalyň öwsüşine görä biraz uzak ýa-da gysga bolup bilýär, ýöne bu, elbetde, meniň öz gözegçiligimdi. Ozal mazalyja agzym bişip, uçugymy alandygym üçin, ýagyş ýagýan mahaly açyk howada gezmegiň saglyga zyýanly netijelerine men gaty beletdim. Şol sebäpli-de, ýagyşly möwsüm başlan wagty daşarda ondan-oňa selpäp ýörmezlik üçin, öňünden azyk-suwlugymy üpjün etmegiň aladasy bilen bolýardym. Ýagyşlar ýagyp ugranda bolsa, başardygymdan öýden çykman oturýardym. Men şol arada gowakda dek durman örän köp iş bilen meşgul bolýardym. Wagt diýseň amatly bolansoň, diňe aldygyňa irginsiz zähmet çekip ýasap boljak birgiden zerur abzal-guraly birlaý ýasaşdyryp, häzirläp goýýardym. Men, mysal üçin, özüme bir sebet örünjek bolup her edip, hesip etdim, emma, tapyp getiren çybyklarym port bolansoň derrew şytdyldap elime gelýärdi. Şonda heniz oglanjyk döwürlerim dogduk şäherimde sebetçiler ussahanasynyň öňünde dikilgazyk bolup, sebet örüjileriň edýän işlerini uly lezzet alyp synlamak endigim meniň üçin juda bähbitli boldy. Şol wagtlar islendik çaganyň bolşy ýaly, men hem kömek edişmäge örän höwesekdim, örüjileriň ajaýyp senedini gözümi gyrpman içgin synlardym, söwüt çybygyndan örülýän sebetleriň eýlesini-beýlesini tutuşyp, senetçilere elaýak bolardym. Şonluk bilen hem sebet örmegiň inçe tärlerine, abyna-tabyna gözüm ýetikdi. Indi maňa diňe material ýetmezçilik edýärdi. Pyntyklap, şaha çykaran pürsleri çapyp alan agajymyň çybyklarynyň Angliýada ösýän geçi söwüdiniň we adaty söwüt agajynyň çybyklary ýaly çeýe, berk bolmagynyň ähtimaldygy kelläme gelende, men şol çybyklary synap görmegiň hyýalyna mündüm. Şol maksat bilen, ertesi gün mülk ýerim diýip atlandyrýan telärli howlyma bardym. Şol ýerde suwluja çybyklardan kesişdirip, esewan edip görsem, olar tüýs meniň gözleýän ýitigim bolup çykdy. Men ol ýere indiki gidişimde ýanym bilen palta äkidip, çybygyň ugruna çykdym, ýöne ony kän gözlemeli bolmadym, sebäbi o taýda şol agaçdan näçe diýseň seleňläp oturan ekeni. Ýygan çybyjaklarymy guratmak üçin aýmançanyň içinde ýaýradyp, serişdirip goýdum. Sebet örmäge taýýar bolansoň, olary gowaga alyp gitdim. Nobatdaky ýagyşly möwsümde men elimden geldigiçe şol iş bilen meşgullanyp, gerek bolanda, gum çekmäge ýa-da aňry-bäri zatlar salmaga, daşamaga ýarajak birgiden sebet ördüm. Dogrusy, sebetleriň daşky görnüşi onçakly bolmasa-da, barybir olar niýetlän maksatlaryma hyzmat etmäge juda gaýymdy. Şondan soň, men hiç haçan sebetsiz galmazlyga çalyşdym. Könelen sebedi bir ýaňa zyňyp, olaryň deregine haýal etmän täzesini örýärdim. Arpa bilen şaly hasylynyň soňabaka has köp boljakdygyny göz öňünde tutup, däne guýmak üçin halta derek has ykjam, çuň sebetleri ulanmagy ýüregime düwüp, şolara ýykgyn edip ugradym.
Örän köp wagt sarp edip, şu kynçylygy hem bir ýan ýüzli edenimden soň, ýene-de iki sany ýetmezçiligimi aradan aýyrmagyň ugruna çykdym. Agzyna çenli diýen ýaly rom

içgisinden gyrba-gyrat bolup duran iki sany çelejigi, ortaça ululykdaky birnäçe çüýşäni, içine suw, spirt we ş.m guýlan, daşyna mata tutulgy çüýşeleri hasap etmeseň, onda mende suwuk zat saklamak üçin hiç hili gap ýokdy. Çorba ataryp, et gaýnadar ýaly ýekeje pitim hem ýokdy, aslynda gämiden äkelen mähnet uly bir gabym bardy welin, ol nahar-şora çemeli däldi. Göwnüm küýsäp ölüp-öçüp barýan ýene bir zadym bolsa şybykdy, ýöne ony ýasamak mümkin bolmady. Emma, ahyr soňunda, men onuň deregini tutup biljek bir usul tapdym. Men arly tomusy, ýagny gurak möwsümi köne öýümdäki janly haýatyň ikinji hataryny kakmak hem-de sebet örmek bilen gümra bolup geçirdim. Emma, şonda täze bir iş ýüze çykdy we çak edenimden-de has köp wagtymy aldy.

## VIII BAP

Bütin adany aýlanyp çykmaga örän höwes edýändigim, çeşmäniň gözbaşyna çenli hem-de ondan aňyrlygyna syýahat edendigim, jülgede özüme telärli howly gurunandygym, şol ýerden adanyň beýleki tarapyndaky deňiz peýzažynyň gowy görünýändigi barada size ýokarda gürrüň beripdim. Onsoň men ýüregimi bire baglap, şol kenara baryp görmek üçin, tutuş adany kesip geçmäge hyýallandym. Gowagyma baryp, goşhaltamyň içine iki sany külçe bilen ullakan bir hoşa kişmiş salyp, egnime ataga-da, ýanyma tüpeň, palta, hemişekiden köpräk däri bilen seçme aldym we itim bilen bilelikde ýola düşdüm. Telärimiň ýerleşýän jülgesinden geçen badyma, öň aýdyşym ýaly, günbatarlygyna tarap ýaýylyp gidýän deňiz göründi. Kir-kimirsiz asmanda ýalbyrap gün şöhle saçyp durandygy üçin alys gözýetimde başga bir gury ýer böleginiň bardygyny äşgär saýgardym, ýöne onuň adadygyny ýa-da materikdigini kesgitläp bilmedim. Ol belent ýer bölegi günbatardan günorta-günbatara tarap örän uzak aralyga uzalyp, salgyma öwrülip gidýärdi. Meniň çaklaýşyma görä, ol ýeriň şu adadan aradaşlygy on bäş ýa-da ýigrimi liga çemesi bolmaly.

Men şol ýeriň dünýäniň haýsy bölegidigini aňlap bilmedim, ýöne hasaplaýşyma görä, onuň Amerika materiginiň ispan koloniýalaryna golaý ýerleşýän, belki-de, ýabany wagşylaryň ýaşaýan bir bölegi bolmagynyň ähtimaldygy barada netijä geldim. «Şol ýere düşen bolsadym, onda häzirki günümi tapman, halyma it aglardy» — diýip, içimi gepletdim. Şonuň üçin-de, men hökmürowan Allatagalanyň edenine kaýyl bolup, Onuň biz bendeleri hakynda hemişe iň haýyrly hökümi berýändigine tüýs ýüregimden ynandym. Şonlukda, ýüregim rahatlyk tapdy we men şu ada gelip düşenim zerarly öz-özümi bihuda gynap ýörmegimi ymykly taşladym.

Men ýene birsellem böwrümi diňläp oturdym-da, «eger şu täze açan ýerim ispanlara degişli bolsa, onda irde-giçde hökman şol ýere gelip gidýän bir ispan gämisine gözüm düşäýmeli» diýip, öz ýanymdan pikirlendim. Eger ispan gämiler gara bermese, onda ol gury ýeriň ispan koloniýalary bilen Braziliýanyň aralygynda ýerleşýän kenarýaka zolagy boldugydy. Şol zolakda iňňän rehimsiz ýabanylar ýaşardy, olar eline düşen hemme adamy öldürip, etini çişe düzmegi hiç zatça görmeýän wagşy adamhorlardy.

Men şol hili oýlary aňymda aýlap, ýuwaşja ädimläp barýardym. Adanyň bu tarapy hoşboý ysly gül-gunçalara beslenip oturan giň otluk meýdanlary hem-de seleňläp gök

öwüsýän ajaýyp tokaýlary bilen meniň häzirki ýaşaýan ýerimden has owadan ekeni. Bu ýerde san-sajaksyz totuguşlar şahadan-şaha uçuşyp ýördüler. Meniň şol guşlaryň birini ele salaga-da, eldeki edip, özüm bilen gepleşmegi öwretmegiň kül-külüne düşdüm. Men uly azara galyp, ahyrsoňy degeneklije taýak zyňyp, bir jüýje totuguşy kakyp düşürdim. Ony özüne gelen badyna, öýüme alyp gaýtdym. Emma welin, totuguşa geplemegi öwredýänçäm maňa telim ýyl gerek boldy. Bolsa-da, men ahyrsoňy oňa öz adymy tutup ýüzlenmegi öwretdim. Emma onuň şol sebäpli meni düşüren güni, ýönekeýjedigine garamazdan, gyzyklyja boldy.

Bu gezelenç meniň şähdimi açyp, keýpimi göterdi. Men pes düzlükde (çaklaýşyma görä) towşanlara we tilkilere duş geldim; ýöne olar şu wagta çenli gören görnüşlerime meňzemeýärdi, men olaryň käbirini tüpeňläp awladym, emma etlerini işdäm almady. Bilmeýän zatlarymy iýip töwekgelçilik etmegimiň zerurlygy ýokdy, çünki azyk-owkatdan mätäçlik çekmeýärdim. Hatda ol özümi hülli-hülli etmäge daş ýany bilen ýetýärdi. Esasan-da, üç görnüş nahary — geçi, kepderi we pyşdyl etini, bularyň üstüne-de kişmişi goşsaň, bir adamlyk şeýle bir aňrybaş supra taýýar bolýardy welin, ähtimal, ony Lidenhol bazaryndan hem tapyp boljak däldi. Şeýlelikde, ýagdaýym gözgyny bolsa-da, şükür etmäge köp zadym bardy. Bir garnym aç bolsa, bir garnym dok, azyk-suwluga zar bolup ýöremokdym. Gaýtam, saçagymda süýjüje tagamlar hem tapdyrýardy.

Şu syýahatymda hiç haçan bir günde biregne iki milden köp ýol geçmändim; ýöne «täze zatlaryň üstüni açyp bolmazmyka» diýip, men daş-töwerekde şeýle köp aýlanýardym welin, gije düşlemek üçin saýlan ýerime halys sütünim süýnüp, zordan özümi atýardym. Soňra bolsa, bir agajyň üstünde jaýlaşyp uka gidýärdim ýa-da haýsydyr bir ýyrtyjy haýwan geläýse oýanarym ýaly bir agaçdan beýleki bir agaja çenli, seteran edip, iki hatar gazyk kakyp çykýardym-da, gijäni şol ýerde ýatyp geçýärdim.

Iň soňunda deňziň ýakasyna baryp ýeten mahalym, adanyň iň bir ýaramaz böleginde ýurt tutunandygyma göz ýetirip haýran galdym. Sebäbi, bu kenarýakada agaýana ýüzüşip ýören pyşdyllaryň hetdi bar-da, hasaby ýokdy. Men pahyr bolsa, adanyň beýleki tarapynda tutuş ýyl ýarymda bary-ýogy üç sanyjak pyşdyl awlapdym ahyryn. Olardan başga-da, bu ýer ägirt köp mukdardaky dürli-dürli guşlardan ýaňa hyň berýärdi. Ol guşlaryň käbir görnüşlerini ozal görüpdim, görmediklerim hem biçak kändi. Olaryň köpüsiniň eti bijaý tagamly ekeni. Men pingwin diýilýän guşlardan galanynyň adyny bilmeýärdim.

Bu guşlary isledigiňçe awlabermelidi, ýöne men däridir seçmäni örän aýawly saklaýardym, sebäbi eti has durumly hem-de tagamly bir sany geçi awlanyň müň paý gowy boljakdy. Bu ýerde adanyň beýleki künjegine garanyňda has köp geçi sürüleri sonarlap ýördi, emma welin, daş-töwerek endigan tekizlik bolansoň, bukdaklap olaryň ýanyna golaýlaşmak has kyndy. Baýyrdan süýşenekläp baranyň ýaly däldi, geçiler meni bada görýärdiler-de, taýzarylyp zut ökjäni göterýärdiler.

Adanyň bu kenary meniň ýaşaýan kenarymdan has owadandygyny boýun alaýyn, ýöne barybir meniň bu ýere göçüp gelmäge hiç hili niýetim ýokdy, çünki ýurt tutan ýerime öwrenişipdim. Tutuş şol syýahatyň dowamynda men özümi öýden gaýdyp,

gezelenç edip ýören dek duýýardym. Şeýle-de bolsa, deňziň ýakasyny syryp, gündogara tarap on iki mil çemesi gitdim, şol ýerde «bellik bolsun» diýip, kenara uly bir sütün dikenimden soň, öýe dolanmaga hyýallandym. Indiki syýahatymda men öýden gündogarlygyna bakan ýöräp, adanyň beýleki ýakasyny syryp, şu sütüniň ýanyna gelen mahalym, adanyň daşyndan doly aýlanyp çykdygym boljakdy.
Men adanyň ähli künjegini aňsatlyk bilen göz astynda saklap, degre-daşymy dykgatly synlap gidibersem, onda öz öýümi azaşman tapjakdygymy çak etdim-de, gaýdyşyn başga bir ýoly yzarlap gaýtdym. Emma, men ýalňyşypdyryn. Iküç mil ýol külterlänimden soň, dumly-duşuny baýyrlar gallap oturan uly bir jülgäniň içine baryp düşdüm. Baýyrlaryň ýüzüni örtüp duran sümme tokaýlykdan ýaňa daş-töwerege äňedip, ugur kesgitlemek mümkin däldi. Indi günüň hereketine görä çakalla ýöräbermesem, dagy alajym galmandy. Ýöne, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, şol sagatda günüň haýsy ýagdaýda ýerleşýändigini hem ibaly bilmeýärdim. Howanyň gamaşyp, garalyp durmagy hem munuň üstüne urna boldy. Men üç-dört günläp dagyn güne ýüzüm düşmän, jülgäniň içinde bir o ýana, bir bu ýana alakjap, halys muşakgat ýamanyny gördüm. Teýahyr, hiç hili uç tapman, men ýene-de deňziň kenaryna — şol sütün diken ýerime dolanyp barmaly boldum. Şol ýerdenem, öňki gelen ýolumy yzarlap, öýe bakan gaýtdym. Indi bulutlar syrylyp, günüň jokrama yssysy depämi gaýnadarly görünýärdi. Şol sebäpli-de, men her ýerde bir düşläp, agyr goş-golamlaryň — tüpeň, ok-däri, palta we şoňa meňzeş zatlaryň astynda ýegşerilip, öz maýdalyma ýöräp gelýärdim.
Ýolda gelýärkäm itim bir owlagyň üstüne duýdansyz topuldy-da, gabyrdadyp basdy welin, hernä, men wagtynda ýetişip, ony itiň agzyndan diri sypdyrdym. Ýagdaý bolsa, bu owlagy ýanym bilen öýe äkidesim geldi, sebäbi men şunuň ýaly birki sany owlagy tutup, geljekde ok-därim gutaran pillesi huruş ediner ýaly öýdeçi geçileriň tohumyny ýetişdirmek barada ýygy-ýygydan arzuw edýärdim. Men bir boýunbag ýasap, oňa hemişe ýanymda göterýän, smola siňdirilen kendir ýüpümiň bir dinini çigip daňdym-da, owlajygyň boýnuna iltedim. Onsoň ony süýrekleşdirip, tä telärli howlyma gelýänçäm yzyma tirkäp gaýtdym. Men owlajygy hasyr-husur howlynyň içine aşyryp okladym. Sebäbi indi bir aý gowrakdan bäri görmedik öýüme ýetmek üçin ýüregim atygsap durdy.
Köneje mesgenime gelip, öz torsallançagymda ýaýnap ýatmagymyň nähili hezil bolandygyny aýdyp-diýip düşündirmek mümkin däl. Öýsüz, ýaban ýatmaly bolan şol yrak-sowak syýahatym meniň üçin şeýle bir ýakymsyz bolupdy welin, özüm aýtmyşlaýyn, «mähriban öýüm» gözüme juda yssy görünýärdi. Bu ýerdäki ähli goş-golamlar, uşak-düşekler maňa şeýle bir rahatlyk berýärdi welin, men tä maňlaýym çüwüp, şu adadan halas bolýançam, dagy-duwara dolanyp öýümi taşlap, şunça uzak ýolagçylyga çykmazlygy ýüregime düwdüm.
Uzaga çeken gezelenjiň ýadawlygyny aýyrmak hem-de özümi hezzetlemek üçin öýde bir hepde dem-dynjymy aldym. Şol wagtyň uly böleginde hupbatly bir iş bilen meşgullandym, ýagny indi öýe öwrenişip, meniň bilenem ymykly äbede-jüýje bolup başlan totuguşum «Toty» üçin kapasa ýasadym. Soňra aýmançajyga gabap gaýdan görgüli owlajygym ýadyma düşdi. Gidip, ony öýe alyp gaýtmaga ýa-da bolmasa oňa

ot-suw bermäge hyýallandym. Baran wagtym owlajyk goýup gidişim ýaly aýmançada ýatyr ekeni. Ol pahyrjyk daşaryk çykyp bilmänsoň, tas açlykdan ölere gezek gelipdir. Men agaçlaryň şahalaryny, duş gelen gyrymsy çybyklary çapyşdyryp, aýmançanyň içine okladym. Owlajyk garnyny doýransoň, men öň edişim ýaly onuň boýnundan boýunbag geçirip, yzyma tirkedim. Açlyk o janaweriň şeýle bir eýini ýetiren ekeni welin, pahyrjyk ýüp bolmasa-da, edil wepaly it ýaly yzyma düşüp ýörärli görünýärdi. Men elmydama onuň otuny-suwuny ýetirip durdum. Owlajyk dura-bara görküne gelip, şeýle bir enaýyja, eýjejik boldy welin, şol wagtdan başlap, ol meniň ekdi haýwanlarymyň hataryna goşuldy we hiç haçan meni taşlap gaçyp gitmedi.
Ýene güýzki gije-gündiz deňleşmesiniň ýagyşly möwsümi başlady we men 30-njy sentýabrda ada gelip düşen günümi edil öten ýylky ýaly dabaraly belläp geçdim. Indi bu ýere gelenime iki ýyl bolupdy. Halas bolmak baradaky umydym hem ilkinji gündäkiden zyýat däldi. Bütin şol güni, çekýän ýalňyzlygymyň ýany bilen, maňa bagyş edilen köp dürli sapaly eşretleri üçin Biribaryň huzurynda pespällik bilen şükür edip, mynajat edip geçirdim. Şol eşretler bolmadyk bolsady, onda halym bimöçber harap bolardy. Hökmürowan Allanyň şu ýeke-ýalňyz ýagdaýymda, adamlaryň arasynda erkinlikde ýören wagtym, dünýäniň ähli lezzetlerinden duýup bilmejek bagtyýarlygymy maňa bagyş edendigi, Öz Barlygy hem-de kalbyma indirýän ylhamy bilen maňa ýoldaş bolup, adamlara bolan küýsegimi, sezewar bolan mahrumçylyklarymy doly dep edýändigi, bu dünýäde Beýikligine, o dünýäde bolsa ebedi Barlygyna sygynmagym üçin maňa teselli berip apalaýandygy, dogumlandyrýandygy sebäpli, men Oňa päk ýüregimden şükür etdim.
Men indi ahyrsoňy ähli muşakgatlaryna garamazdan häzirki ýaşaýşymyň ozalky biweç, nälet siňmiş ýigrenji durmuşymdan müň esse bagtyýardygyna göz ýetirip ugrapdym. Indi gynanjym bilen şatlygym düýpgöter üýtgäpdi; isleglerim özgeripdi, duýgularym ilkinji gündäki, has dogrusy, iki ýyl mundan ozalky duýgularymdan mazaly daşlaşyp täzelenipdi.
Öňler aw awlap ýa-da adada gezim edip ýörkäm, sezewar bolan şu ahwalatymdan ýaňa birden-birden içim-bagrym tütäberýärdi. Degre-daşymy gurşap alan tokaýlarda, dag gerişlerinde, belentli-pesli düzlüklerde nazarym eglendigiçe, aňyrsy-bärsi görünmeýän okeanyň mizemez gandallary, bukawlary bilen elim-aýagym kökerilgi, şu janly-jemendesiz çolaja adada halas bolmakdan halys tamamy ýolup, çoçgara çolaşyp galandygym barada gama batýardym, ýüregim gyýym-gyýym bolýardy. Keýpim çag bolup, göwnümiň göterilen pursatlarynda hem şol pikir aňymda apy-tupan bolup gopýardy-da, meni müzzerdip, edil çaga ýaly hünübirýan agladýardy. Kähalatlarda bolsa, ol meni işe gümra bolup ýörkäm basmarlaýardy, onsoň men özümi lampa ýere goýberýärdim-de, ahmyr çekip, bir-iki sagatlap diýen ýaly ýere dyrmap oturýardym; bu maňa has agyr degýärdi, sebäbi möňňürip aglasam, dady-perýat etsem, ýüregim has giňeýärdi, halys usurganymdan soň, gaýgy-gussam kem-kemden aýrylyp gidýärdi.
Indi bolsa, men täze pikirler bilen meşgullanyp başlapdym: Allanyň kelamyny her gün okaýardym, onda beýan edilýän ähli tesellileri öz ýagdaýyma kybap getirýärdim.

Bir gün ir säher bilen juda tukatlanyp otyrkam, Injili açdym welin: «Men seni hiç haçan, hiç haçan taşlamaryn, senden ýüzem öwürmerin» diýen jümlä gözüm düşdi. Bu sözleriň men baradadygy şolbada kelläme geldi; ýogsam, Allanyň we adamlaryň ýalňyz galdyran biçäre bendesi hökmünde, günümden nalap otyrkam, hökman şu sözler maňa duş geläýmezdi ahyryn?! «Bä, onda,» — diýip, men öz ýanymdan pikir öwürdim: «Eger Allatagala menden ýüz öwürmedik bolsa onda tutuş dünýä menden ýüz öwräýeninde-de näme parhy bar, ýa-da bütin dünýä meňki bolup, oňa derek Keremli Allanyň ýalkawyndan we rehmedinden mahrum bolsam, onda meniň ýitgimiň çeni-çaky beri bolarmyka?»

Şol pursatdan başlap, dünýäde islendik halda ömür süren ýagdaýymda ýetip biljek aňrybaş wagtyhoşlugymdan has çuňňur bagtyýarlygyň şu ýeke-ýalňyz günümde maňa ýar bolmagynyň mümkindigi barada ymykly netijä gelip ugradym. Hut şol pikirden ugur alybam, meni şu ada getirip düşürendigi üçin Hökmürowan Allatagala şükür etmäge çemelendim. Ýöne, şol wagt nähilidir bir oslagsyz zat pikirime böwet boldy welin, men edil dilimi ýuwdan ýaly bolaýdym. «Älhepus, seň beýle ikiýüzli bolaýşyňy-ow,» — diýip, men birdenkä daşymdan aýdyp goýberdim: «elliki kaýylsyran bolsaň-da, şu ýerden ökjäňi göterjek bolup, ýürejigiňä towsup dur. Ýeri onsoň alkyş okan bolmaň näme diýsene?» Şondan soň, men böwrüme diň saldym; onsoň şu ada gelip düşenim üçin alkyş okadym diýsem ýalançy bolaryn, ýöne hernäçe kyn güne düşen-de bolsam, gözümi açandygy, ýaşaýşymyň öňki ýagdaýyny görmäge hem-de eden etmişlerimi ýatlap, toba etmegime puryja berendigi üçin Allatagala päk ýüregimden şükür etdim. Ozallar Injiliň gatyny açmazdym, açyk duran bolsa ýapyp goýbererdim. Emma welin, ýörite haýyş etmedigem bolsam, Angliýadaky dostumyň Injili meniň harytlarymyň arasyna salyp goýmagyny onuň ýüregine guýandygy hem-de ol kitaby gark bolan gämiden halas etmegime medet berendigi üçin Biribara münde bir tagzym etdim.

Şeýlelikde, şol oý-pikirler bilen adadaky üçünji ýylyma gadam urdum. Şol ýyl eden işlerimi ilkinji iki ýyldakylar ýaly jikme-jik gürrüň berip, okyjynyň ýüregine düşmegi müwessa bilmeýärin. Emma, şonda-da meniň kän bir gol gowşuryp oturman, wagtymy gündelik ýerine ýetirmeli işlerime laýyklykda tertipli bölüşdirendigimi belläp geçeýin: Men, ilki bilen, Allanyň öňündäki ybadat borçlarymy ýerine ýetirýärdim, günüň dowamynda hökman üç gezek ürç edip Keramatly kitaby okaýardym. Ikinji edýän işim bolsa, elime tüpeňimi alyp awa çykmakdy, muňa-da ýagyş ýagmadyk günleri her gün irden üç sagat töweregi wagtymy sarp edýärdim. Üçünji işim bolsa, awlan guşlarymyň, owlaklarymyň etini üleşdirip, kakadyp taýýarlamak hem-de nahar-şor bişirinmek bolup durýardy; şol işler günüň uly bölegini alýardy. Günortanlar gün süýr depä galan pillesi jokrama yssydan ýaňa daşaryk kelläňi çykarar ýaly bolmaýandygy özüňize mälimdir. Şonuň üçinem men gijöýländen başlap, tä garaňky gatlyşýança, aňry gitse dört sagat töweregi işläp bilýärdim. Kähalatlarda bolsa, hojalyk işleri bilen awa çykmagyň wagtyny çalşyryp, irden salkyn öýde işleýärdim, ikindinara bolsa tüpeňimi alyp awa çykýardym.

Işlemäge maý tapýan wagtymyň şeýle az bolmagynyň üstesine-de, her bir iş juda hysyrdyly zähmet çekmegi talap edýärdi. Abzal-gural ýetmezçiligi diýermiň,

kömekçi ýoklugy diýermiň, üşüksizlik diýermiň, gepiň keltesi, günümi ýetişiksiz halda eyläk-beyläk alakjap geçirýärdim. Mysal üçin, gowagyma uzyn tekje gurnamakçy bolanymda, gerekli ýasy tagtalary taraşlap, gelşigine getirýänçäm tutuş kyrk iki günümi sarp etdim; aslynda welin, gerekli abzallar we kese ýatan pürsüň göni aşagyndan, ýene bir byçgyçy durup işlär ýaly ýörite gazylýan çukur bar bolanlygynda iki sany neçjar bir salkynyň içinde ýekeje agaçdan alty sany ýasy tagtany ýüzüniň ugruna ýasap bilerdi.

Meniň usulym başgaçarak boldy: Men howalanyp oturan ullakan bir agajy saýlap aldym, sebäbi tekjelik tagta juda ýasy bolmalydy. Ol agajy üç günde çapyp ýykdym, iki günüň içinde şahalaryny aýryşdyryp, ony togalak pürse öwürdim. Men görgi ýamanyny görüp, ol pürsi palta bilen ýonup taslaşdyrdym, çemeliräk iki tarapynyň büdür-südür ýerlerini bolsa, ýaryşdyragada ownuk taraşa öwrüp taşladym. Indi ony aňryk-bärik ýerinden gozgap bolýardy. Şondan soň, pürsüň birýan gapdalyny başdan-aýaga ýasydan tekizjek edip ýondum. Onsoň, şol gapdaly aşaklygyna öwrüp, pürsüň beýleki gapdalyny hem edil ýaňky ýaly edip, timarlap çykdym. Şeýlelikde, ony eýlesine-beýlesine agdaryp, ýona-ýona, galyňlygy üç dýuým çemesi tekizjek tagta ýasadym. Islendik okyjy şol iş üçin nähili zähmet çekmeli bolandygyma baha berip biler; emma şol agyr zähmet hem-de sabyr-takat maňa şol işde bolşy ýaly, beýleki işlerde-de baş alyp çykmagy öwretdi. Şu wakany aýratyn belläp geçmegimiň sebäbi men şeýle ýönekeýje iş üçin näme sebäpli munça köp wagtymy sarp edendigimi, ýagny, abzal-gurallaryň kömegi bilen ap-aňsat dynyp boljak zatlary bir özüň, el zähmeti bilen ýerine ýetirjek bolsaň, bihasap köp zähmet bilen ummasyz kän wagtyň gerek bolýandygyny okyja düşündirmek isledim. Emma, şeýle-de bolsa, men sabyr-kanagat we zähmet arkaly, ýagdaýlaryň zerurlyk döreden ähli işleriniň hötdesinden gelip bilýärdim, munuň şeýledigi soňraky wakalarda ýüze çykdy.

Indi men noýabr we dekabr aýlarynda arpa hem-de şaly hasylynyň bolmagyna garaşýardym. Agdaryp, dökünläp şalydyr-arpa ekip goýan atyzym kiçeňräkdi, sebäbi, eýýäm aýdyp geçişim ýaly, gurak möwsümde ýere däne sepip, tutuş bir hasyly zaýalandygym üçin, bu sapar arpa bilen şalynyň hersinden ýarym pek töweregi ätiýaçlygym galypdy. Bu gezek hasylym diýseň bitginli boljaga meňzeýärdi; ýöne welin, birdenkä bujagaz hasylymdanam el ýuwaýmagymyň gaty ahmaldygyna göz ýetirdim, sebäp diýseň, kowup dynyp bolmaýan, her tüýsli ýalhorlar peýda boldy oturyberdi. Ilki, geçiler bilen ýabany towşana çalymdaş ownuk gemrijiler ekine darap başlady. Gökje maýsanyň tagamyna düşünen ol zaluwatlar sähel eýläňe garadygyň atyza girip, gijesi-gündizi bilen şo taýda ýatýardylar. Olar nebir gök maýsalary şeýle bir ýere degrip iýýärdiler welin, asyl ýöne ekinlere baldaklmaga maý bermeýärdiler.

Men tutuş atyzyň daşyna aýmança aýlap çykmakdan başga alajymyň galmandygyna düşündim. Gyssagym öz ýanymdan bolansoň, aldyranym bar ýaly aldygyna hars urup işledim. Emma welin, atyz çaklaňja bolansoň, aýmançany üç hepdäň içinde doly aýlap gutardym. Gündizine özüm «ekin ogrularyny» tüpeňleýärdim, gijesine bolsa, aýmançanyň girelgesiniň öňüne itimi daňyp goýýardym. Ol uzakly gije dynman üýrüp çykýardy. Şeýde-şeýde, geçilerdir-towşanlar bu ýerden aýagyny üzdi; ekinlerem aljak boýuny alyp, basym tümmül bolup, bişip ugrady.

Ozal ekinler gök maýsa wagty, dört aýakly jandarlar musallat bolan bolsa, indi tümmül çykansoň, guş-gumursylar başymdan towky bolup indi. Bir gezek ekinli atyzy görmäge barsam, meniň giderime garaşyp, her dürli guşlaryň hol beýleräklerde gaýmalyşyp, onda-munda hekgil-hükgül edişen bolup ýörendigine gözüm düşdi. Men hemişe ýanymdan aýyrman göterip ýören tüpeňimi hasyr-husur egnimdem sypyrdym-da, olara bakan towhuldadyp atyp goýberdim. Tüpeňiň gümpüldänine mähetdel, ekiniň içinden kiçeňräk bulut ýaly bolup, güsürdäp, guş bary asmana göterildi, asyl esasy ogrular ilkibaşda gözüme ilmedik bolsa nätjek.

Bu ahwalata ýüregim ersip, nebsim-janym agyrdy. Men guşlaryň sanlyja günüň dowamynda barja umydymy çokalap gutarjakdygyny duýdum; onsoň, hiç haçan hasyl ýetişdirip bilmän, açlyk çekmeli boljakdym. Men hum ýaly çişip, näme edip, näme goýjagymy bilmedim. Ahyrsoňy, öz hasylymy gorap saklamagy pugta ýüregime düwdüm-de, gerek bolsa, gije-gündiz atyzda garawulçylyk çekmäge-de hyýallandym. Men ilki bilen atyzda aýlanyp, guşlaryň näçeräk zeper ýetirendigini barladym. Çak edişim ýaly, guşlar ekinleri çokalap, göwün solpusyndan çykan ekeni. Emma welin, tümmülleriň aglabasy entek iýerden gögräk bolansoň, guşlardan aman galan arpadyr-şalyny indiden beýläk goraglap bilsem, onda henizem bol hasyl almak umydym bardy.

Şol aýgyt bilen, men atyzyň başynda durşuma, tüpeňimi täzeden okladym. Daş-töwerekdäki agaç şahalarynda joňkarylyp, giderime garaşyp oturan guşlara birlaý göz aýladym-da, äwmezeklik bilen ýöräp, ol ýerden daşlaşan boldum. Meniň güman edişim ýaly hem boldy, atyzdan garamy saýlanym hem şoldy welin, hälki guşlar iki-ýekeden ekine çozup başladylar. Muny görüp, şeýle bir gazaba mündüm welin, olaryň has köpürägi gonýança garaşmaga-da çydam edip, saklanyp bilmedim. Guşlaryň şu wagtdan başlap, çokýan her bir dänesiniň uzagyndan maňa ne giden çörek boljakdygyna gaty gowy düşünýärdim. Şeýle bolansoň, aýmançanyň ýanyna ylgap barakgetdin, ýüzümiň ugruna mäşäni gysdym. Guşlaryň üç sanysy şol duran ýerinde tükgerdi. Maňa tüýs geregi hem şoldy; Angliýada ýakasyny tanadan adybelli ogrulary dar agajyndan hallanladyp asyp goýuşlary ýaly, menem beýlekilere göz etmek üçin, şol üçüsini atyzyň her ýerräginde aýagyndan sallaşdyryp asyp goýdum. Bu temminiň nähili uly täsir döredendigini göz öňüne getirmek mümkin däl. Şondan soň guşlar atyza gonandan geçen, asyl ýöne, adanyň şol jümmüşinden sumat bolup ötägitdiler. Hälki üç sany garantga hallan atyp durdugyça, şondan soň golaý-goltumda guş-gumra duşmadym. Men muňa begenip, iki bolup bilmedim. Dekabryň aýagynda, ýylyň ikinji hasyl wagtynda, mazaly bişen arpadyr şalyny ýygmaga girişdim.

Ýöne, orak möwsümi üçin meniň ne-hä çalgym bardy, ne-de bir oragym. Onsoň halys iki aýagym bir gonja sokulansoň, men beýleki ýaraglar bilen bilelikde gämiden alyp galan äpet gamalarymyň birini aňňala derek ulanmaly boldum. Ilkinji hasylym onçakly uly bolmansoň, ony ýatyryp çykmak kän bir kyn düşmedi. Elbetde, men hasyly özümçe ýygdym, ýagny diňe sümmülleri kesişdirdim-de, ullakan sebede salyp, öýüň gapdalyndaky harmana çekdim. Sümmülleri daşap gutaranymdan soň, olary birin-birin elimiň aýasynda owup, harpygyny aýryp çykdym-da, çäç ýasadym.

Şonda ekiş wagtynda topraga sepen ýarym pek şalymdan iki buşel töweregi (sekiz pek), şonçarak arpadan bolsa iki ýarym buşel çemesi (on pek) hasyl alandygymy gördüm. Elbetde, men bu ölçegleri göz çaky bilen hasapladym, sebäbi hiç hili ölçeg enjamym ýokdy.

Bu üstünlik meniň göwnüme ganat baglady. Indi, Alla ýol berse, wagtyň geçmegi bilen men gyzgynjak çörek hem bişirinip biljekdim. Ýöne, şol mahal men başga bir kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz boldum. Dänäni üwäp, un ýasamakdan başym çykmaýardy. Bar, şony biläýenimde-de, uny hamyr edip, hamyrdan çörek bişirinmäni biljek umydym ýokdy. Has köp ätiýaçlyk däne ýygnamak hem-de yzygiderli azyk üpjünçiligimi gazanmak baradaky islegimiň üstüne şu kynçylyk hem goşulansoň, men ýygnan hasylymy el degirmän indiki möwsüm üçin tohumlyk goýmagy ýüregime düwdüm. Şol arada bolsa, elimden geleni gaýgyrman, tutuş wagtymy sarp edip, öňümde duran şol wajyp meseläni, ýagny çörek bişirinmegi göwnejaý öwrenmegi niýet edindim.

Indi men iýjek nanymy öz maňlaý derim bilen gazanýan diýip, arkaýyn aýdyp biljekdim. Meniň pikirimçe, ýekeje bölek çöregi saçaga goýýançaň, geň-enaýy maýda hysyrdylaryň ençemesini ýerine ýetirmeli bolýandygy barada öräz az adam pikirlenip görendir.

Aslynda, bu gündelik hakykaty iň bir tebigy halda ýaşamaga mejbur bolan men has ir öwrenipdim. Hatda, ozal gürrüň berşim ýaly, oslaman durkam, örän täsin ýagdaýda öýümiň gapdalyndan ösüp çykan galladan bir goşowuç däne hasylyny alanymdan bäri, şol maýdaja hysyrdylaryň zerurlygyny sagatsaýyn has güýçli duýýardym.

Ilkibaşda, ýer sürmäge azalym ýokdy, agdaryp çykaýyn diýsem, meňki bolsun diýer ýaly pilim hem ýokdy. Öň aýdyp berşim ýaly, men agaçdan pil ýasap, bu kynçylygyň hötdesinden geldim. Ýöne agaç agaç bolýar-da, ýasajak bolup, telim günläp iş edinendigime garamazdan, demirsiz bolansoň, ol basym sandan çykdy. Agaç pil hem-ä işimi kynlaşdyrýardy, hem-de eden işim göwnejaý bolmaýardy. Her niçik-de bolsa, men agaç pile kaýyl boldum. Ulanmagyň kyndygyna, bitirýän işiniň ýaramazdygyna tagapyl edip, şonuň bilen oňňut ediberdim. Tohumlyk dänäni sepen wagtym, topraga basar ýaly mala ýokdy. Onsoň, oňa derek ullakan agyr şahany atyzda eýläk-beýläk süýräp, bolşuna görä, dyrmaşdyryp çykdym. Ekin gök maýsa bolan we ýetişen wagtynda nä jüre aladalar bilen gümra bolanymy eýýäm gürrüň berdim. Atyzyň daşyna aýmança aýlamak, garawullamak diýermiň, soňra sümmülleri orup, öýüň ýanyna daşamak, harmany birin-birin owup, çäjini ammara çekmek diýermiň, garaz, sanasaň sogaby bar. Soňra, däne üwemek üçin degirmen, un elemek üçin elek, hamyr ýasamak üçin hamyrmaýa bilen duz, çörek bişirmek üçinem howurpeç gerek boldy. Emma, görşüňiz ýaly, men şolarsyz hem günümi gördüm. Indi eslije galla ätiýaçlygymyň bardygy bolsa, meniň üçin bahasyna ýetip bolmajak rehnet we goltgy boldy. Aýdyşym ýaly, bularyň barysy menden ummasyz surnukdyryjy zähmeti, maňlaý derini talap edýärdi, emma başga çykalgam hem ýokdy. Aslynda, kän bir wagt ýitirdigim hem bolmaýardy, sebäbi günümi iş wagtlaryna bölüşdiripdim we bu işler bilen, umuman, her gün belli bir wagt meşgullanýardym. Has köp ýygnaýançam, galla degmezligi ýüregime düwendigim sebäpli, indi tä çörek bişirip, saçaga

goýýançam ýerine ýetirmeli boljak işlerim üçin derwaýys bolup durýan ähli abzal-gurallary jemlemek, hem-de yhlas bilen täze usullary öwrenmek üçin nobatdaky ekiş möwsümine deňiç ýene-de alty aý bardy.

## IX BAP

Emma öňi bilen has uly atyz taýýarlamagym gerek boldy, çünki indi bir akr (ýarym gektara golaý) ýere sepmäge ýetjek dänäm bardy. Bu işe girişmänkäm bir hepdä golaý güýmenip, özüme täze pil ýasandym. Ol-da diýseň pukaraja boldy. Ol örän agyr bolansoň, işlän wagtym iki esse köp güýç sarp etmeli bolýardym. Her näme-de bolsa, şonuň bilen atyzy agdardym we ony iki sany ullakan pele bölüp, dänämi sepip çykdym. Atyzy mümkin boldugyça öýe ýakynrak ýerden saýlap alypdym. Onuň daşyna bolsa şol öňki kök urup ösýän agajyň syrdam şahalaryny kakyşdyryp, pessejik haýat aýladym. Sebäbi, bir ýyl geçensoň şol şahalaryň goljagazlaryny ýaýradyp, janly haýada öwrüljekdigini bilýärdim. Ony kän bir timarlap, ideg etmek hem gerek boljak däldi. Atyza ekin ekip, daşyna haýat aýlap gutarýançam, üç aýa golaý wagtymy sarp edipdim, sebäbi şol döwürde agyn bolmasa şabyrdap ýagyş ýagýardy, men bolsam öýde basyrnyp ýatyberýärdim. Ýagyşdan gaçyp, gowakda oturyp geçirýän günlerimde aşakda gürrüň berjek pişelerime gümra boldum. Işlerim bilen gydyrdanyp ýörşüme, maý tapyp, öz totuguşum bilen gümür-ýamyr edip göwün açýardym, oňa geplemegi öwredýärdim. Men iş edinip oňa öz adyny aýtmagy öwretmäge girişdim. Ine, ahyrsoňy bir gün totuguş ala-gykylyk bolup gygyrdy: «To-oty». Bu söz şu ada gelip düşen günümden bäri ýat agyzdan eşiden ilkinji sözüm boldy. Emma welin, meniň esasy işim totuguş bilen ýaňkalaşyp oturmak däldi, ol hälki bir iş wagtynda göwün açmak üçindi. Sebäbi, aýdyşym ýaly, entekler etmeli işim köpdi. Meselem, men uzak wagtdan bäri eýdip-beýdip özüme toýun gap-çanak ýasamagyň gamyny iýýärdim, olar maňa näçe diýseň zerurdy; ýöne welin, bu senetden hiç hili başym çykmaýardy. Eger teýlije toýun tapyp bilsem, onda gap-çanak ýasap biljegime gözüm ýetikdi. Bu ýeriniň klimaty yssy bolansoň, olary günüň howrunda guratsaň, elde götermäge hem-de gury saklanylmaly azyk-owkatlary salmaga çemeli boljakdygy mesaňa-mälimdi. Ol gaplar däne, un we ş.m. önümleri guýup goýmak üçin hem gerekdi. Men edil küýze ýaly dik goýup, içine aňry-bäri guýup boljak uly gaplardan birnäçesini ýasamagy ýüregime düwdüm.
Toýun palçygyny garjak bolup her dürli hokgalary synap görüşim, bolgusyzja betgelşik gapjagazlary ýasaýşym hakda aýdyp bersem okyjynyň maňa haýpy geler, megerem gülküsi tutar. Toýnuň öz agramyny göterip biljek derejede eýini ýetirmändigim sebäpli, ýasanja zatlarymyň köpüsi ýa içine bakan çökýärdi, ýa-da bir gapdala gyşaryp duruberýärdi. Diş-dyrnak bolup sudura getiren käbir küýzelerim bolsa, wagtyndan öň gün şöhlesiniň astynda goýlandygy üçin, sähel çalygyp-çalykmanka çat açyp ýarylýardy. Şol synagdan geçip, syrdambitin gurandyr diýen küýzelerimiň aglabasy bolsa, ýerinden gozgan badyma edil gumbaýrakdan gurlan ýaly, kül-owram bolup, elime gelýärdi. Gepiň keltesi, şondan soň hakyky toýnuň gözlegine çykdym. Sersepil bolup, agtaryp ýörşüme ahyr bir gün şykgyly toýnuň

üstünden bardym. Ony şol duran ýerinde depgiläp, basgylap mazaly eýini ýetirdim-de, tokgalap, öýe alyp gaýtdym. Şeýdip ýaňadan işe girişdim-de, jemi iki aý diýlende iki sany tagaşyksyz ullakan küýze ýasadym (dogrusy, olara küýze-hä diýip boljak däldi).
Güneş ol küýzeleri göwnejaý guradyp gatadansoň, men olary usullyk bilen ýerinden göterip, döwülmez ýaly, ýörite şolar üçin söwüt çybygyndan ören iki sany giňiş sebedime ýerleşdirdim. Küýze bilen sebediň örüminiň arasynda galan boş ýerlere bolsa, şaly we arpa samanyny dykyşdyrdym. Bu küýzeleriň çyg çekjek gümany bolmansoň, olara gury däneleri, belkem dänäni üwäp bilsem, ykyrdap duran uny guýup goýmagy hyýal etdim.
Uly gaplary ýasamak baradaky hyýalym o diýen paşmadyk bolsa-da, men maýda gap-çanaklaryň ençemesini: tegelek okaralary, telper tabaklary, pitileri, jamlary we başga-da elimden gelen uşak-düşek golçalary birenaýy ýasaşdyryp çykdym. Olar günüň howruna mazaly gurap, syrça dek boldy.
Ýöne bu gap-gajaklaryň hiç biri hem meni öz esasy maksadyma ýetirip bilmändi. Sebäbi maňa suwuk zat saklar ýaly oda çydamly toýun gap gerekdi. Şondan bir zaman geçensoň, günlerde bir gün men kakmaç bişirmek üçin ullakan ot ýakdym. Et mazaly daglanyp bişensoň, ony saçaga geçirdim-de, ody söndürmäge çemeleşdim. Görsem, gyzyl-köz bolup duran gorlaryň arasynda kiçeňräk bir küýze döwügi ýatan ekeni. Ol edil daş ýaly saň-gaty bolup, üçek basyrylýan kerpiç deýin çym-gyzyl öwüsýärdi. Men bu ahwalata ýakymly haýran galyp: «Eger, ýekeje küýze döwügi otda şeýle ajaýyp bişýän bolsa, onda küýzäniň özüni başybitin oda salsam nähili bolarkan?» — diýip, içimi gepletdim.
Onsoň men gap-çanaklarymy bişirmek üçin nähili usulda ot ýaksamkam diýip kelle döwmäge başladym. Küýzegärleriň küýze, daş gap ýaly zatlary bişirýän, gurşun syrçalaýan köwereleri barada meniň hiç hili düşünjäm ýokdy. Ýogsam, özümde-de az-kem gurşun bardy. Men üç sany uly pitini hataran edip ýerleşdirdim-de, üstlerine iki-üç sany golçajyk goýdum. Olaryň daş-töweregini odun bilen gallap, düýbüne köräp duran közden tümmekläp salyşdyrdym-da, üfläp tutaşdyrdym. Alawlap galan oduň üstüne wagtal-wagtal odun oklap, ölçermäge başladym. Şatyrdap ýanýan güýçli oduň ortarasynda duran pitidir golçalar bir meýdan wagt geçensoň misli gyzyl-ot bolup lowurdap ugrady. Olarda kemteresinden ýekeje jaýryk hem görünmeýärdi. Olaryň çym-gyzyl öwsüşini synlap oturşyma, men ýene-de bäş-alty sagatlap odun oklap, ody ölçerip garaşdym. Ahyrsoňy golçalaryň biri, çat açmasa-da, gyzgyna çydap bilmän ýemşermäge başlady, sebäbi toýna garylan çäge onça howra döz getirip bilmän eremäge ýüz uran ekeni, şunça degmedik bolsam onuň aýna öwrüljegi gürrüňsizdi. Onsoň men ody kem-kemden peseltdim welin, küýzedir golçalaryň gyzyl reňki solgunlaşyp başlady. Men oduň birden peselmegine ýol bermezlik üçin, tä daň tilki guýruk bolýança ody ölçerip, uklaman oturdym. Gün dogup, jahan ýagtylan wagty meniň eýýäm üç sany owadanja toýun pitim bilen iki sany merdem golçajygym bardy. Olar tüýs aňrybaş bolup bişipdi. Çägesi erejek bolan golçajygyň ajaýyp syrçasy bolsa, günüň şuglasyna bäs edýärdi.

Şol tejribeden soň, meniň indi toýun gap-çanaga mätäç bolmandygym barada aýdyp oturasy zat ýok. Ýöne welin, olaryň daşky görnüşi meniňki bolsun diýer ýaly däldi. Hemmelere düşnükli bolşy ýaly, ýasan toýun gaplarymyň çagalaryň palçykdan ýasan gummajäjeginden, ýa-da ömrüne hamyr ýugrup görmedik zenan maşgalanyň bişiren gutabyndan kän bir tapawutlanmaýan bolgusyzja zatlar bolandygyny, hakykatyň hatyrasyna, şu ýerde aýdyp geçeýin.

Doly oda çydamly toýun gazanjyk ýasap biljekdigime gözüm ýeten çagy, şeýle ýönekeýje zat sebäpli başdan geçiren şatlygyma barabar şatlygy başga hiç kim başdan geçiren däl bolsa gerek. Men dessine olaryň birini alyp, içine suw guýup, täzeden oduň üstünde goýagada, et gaýnatmaga hyýallanyp, pitiler sowaşýança zordan takat edip oturdym. Täzeje piti tüýs jüpüne düşüpdir ekeni. Men bir bölek owlak etinden özüme diýseň tagamly çorba gaýnatdym. Ýany bilen süle uny we nahara goşulýan beýleki zatlar hem bolan bolsady, onda çorba has-da gözüme degäýjek ekeni.

Meniň nobatdaky aladam içinde däne döwmek, has dogrusy, owratmak üçin daş soky ýasamak boldy; degirmen barada aýdylanda bolsa, bir jübüt el bilen şeýle aňrybaş sungaty döretmek barada pikir hem edip boljak däldi. Degirmenden geçen, ýekeje daş sokyny ýasamak hem maňa hyllalla boldy; çünki dünýäde bar bolan ähli senetleriň arasynda daş ýonujylyk tüýs meniň duranja ýerimdi, üstesine daş ýonmak üçin gerekli abzal-esbaplarym hem ýokdy. Içini köwüp soky ýasar ýaly ullakan daş agtarmak maksady bilen tutuş bir günläp adada aýlanyp çykdym, ýöne hiç zat tapyp bilmedim. Aslynda bir berk gaýada maňa gerekli daş bölegini gördüm, emma ony ne-hä köwläp alyp boljakdy, ne-de kesip. Hakykatdan hem, bu adadaky dag bölekleriniň aglabasy ýeterlik derejede gaty däldi, barysy owranyp ýatan çägesöw daşlardan ybaratdy; olaryň agyr sokudaşyň urgusyna döz getirip bilmän, dänäni çägä garjagy görnüp durdy. Şeýlelikde, amatly daş gözläp köp wagtymy bihuda geçirenimden soň, daşly soky meselesini goýbolsun edip, juda berk agaç böleginiň gözlegine çykmagy karar etdim we ony kän agtarmaly bolmadym. Men ýerinden gozgamaga zordan güýjüm ýetäýjek bir tönňäni çapyp aldym-da, palta bilen ýonuşdyryp, oňa togalak şekil berdim. Soňra bolsa, Braziliýada ýaşaýan indeýleriň bütewi agaçdan gaýyk ýasaýyşlary ýaly, şol tönňäniň orta gürpünde ot ýakagadan, gazalap-gazalap, biçak köp zähmet siňdirip, mazalyja köwdüm-de, özüme agaç soky ýasandym. Sokulyk işi biryan ýüzli edenimden soňra, demiragaç diýilýän agaçdan ullakan, agyr sokudaş ýasadym. Şeýdip men soky bilen sokudaşy indiki hasyla çenli taýýarlap, gowakda ýygnap goýdum. Indiki hasylyň dänesini döwüp, has dogrusy, un edip, çörek bişirinmegi ýüregime berk düwüpdim.

Meniň indiki kynçylygym uny eläp, kepek bilen harpygyny aýyrmak üçin adaty ýa-da irigöz elek ýasamak boldy. Ýogsam, çörek bişirmek mümkin boljak däldi. Bu şeýle bir kyn işdi welin, ol barada hatda pikir edesim hem gelmeýärdi. Sebäbi işe girişmek üçin zerur zatlar ýetmezçilik edýärdi. Içinden un geçer ýaly hiç hili ýukajyk, näzik mata-marlyk ýokdy. Şeýlelikde, uç tapyp bilmän, birnäçe aýlap bu meselede öňegidişlik bolmady; näme etsemkäm diýip, baý, kelle döwendirin-ä. Mendäki kendir matadan diňe iküç bölek ýyrtyk jinde galypdy; geçiniň çöpüri bardy, ýöne ony egrip ýa-da dokap biljek däldim. Bulardan başym çykany bilenem, ik we şuňa meňzeş

enjamlarym ýokdy. Kelle çişirip ýörşüme, ahyryn bir gün gämiden galan deňizçi lybaslarynyň arasynda ýukajyk nah ýa-da ýüpek matadan tikilen boýunbaglaryň bardygy güpbe ýadyma düşdi. Men şol boýunbaglardan üç sany çaklaňja elek ýasandym. Un elemäge juda gaýym bolup çykan şol elejikler bilen ençeme ýyllap günümi gördüm; şondan soň näme edendigim barada men ýeri gelende gürrüň bererin.

Indiki çözülmeli mesele döwek döwüp, un üwämsoň, çöregi nähili usul bilen bişirmelidigi barada ýüze çykdy. Bar zatdan öňünçä, mende düýbünden hamyrmaýa ýokdy. Men bu müşgilimiň bitmejegine magat düşündim-de, bu hakda alada hem etmedim. Ýöne, ynha, howurpeji gurmak welin, hupbat boljaga çalym edýärdi. Men ahyryn muňa-da elin bir çykalga tapdym oturyberdim. Ol, ine, şeýle boldy: Men birnäçe sany örän giň, ýöne ýalpak toýun kersen ýasadym. Olaryň diametri iki fut töweregidi, çuňlugy bolsa dokuz dýuýmdan geçmeýärdi. Bulary hem öňki gap-gajaklar ýaly otda mazalyja bişirip, gowakdaky ammarda ýygnap goýupdym. Onsoň bolşuna göräräk dörtburç şekil berip, şykgyly toýundan birtopar kiçijik kerpiç ýasap bişirdim-de, ullakan ýerojak ördüm. Men çörek bişirmeli bolan pillläm, şol ojagyň ýanjagazynda gübürdedip ot ýakdym.

Odunlar ýanyp, çym-gyzyl köze öwrülen mahaly, bar közleri ojagyň içine süýşürip münderledim, onsoň ojagyň howry ýetjek derejesine ýetýänçä garaşyp oturdym. Soňra ähli közleri bir ýaňa syryp aýyrdym we ojagyň teýinde hamyrdan edilen çörekleri goýuşdyrdym-da, üstünden şol toýun kerseni düňderdim. Onsoň kerseniň üstüni gyzgyn közler bilen ykjam gömdüm. Ine, şeýdibem, dünýädäki iň ajaýyp howurpeçde meniň arpa çöreklerim mele-myssyk bolup bişdi. Üstesine, şondan soň kän wagt geçmänkä, men ökde çörekçä öwrüldim oturyberdim. Sebäbi men indi bürünçden her dürli kökejikleri, hatda pudingleri bişirip başlapdym. Ýöne gutap bişirmeýärdim, bişiräýenimde-de, içine salyp büker ýaly guş we geçi etinden başga zat ýokdy.

Adadaky üçünji ýylymyň agramly böleginiň şu hili hysyrdyly işler bilen geçenini geňirgäp oturasy iş ýok. Şolaryň gapdaly bilen täze hasyly ýygnandygymy we gündelik hojalyk işlerini ýerine ýetirndigimi hem göz öňünde tutmak gerek. Men galla hasylyny öz wagtynda orup çykdym we uly sebetlere salyp, ýetişibildigimden öýe çekdim. Döwek döwmäge ne-hä bir harman ýerim, ne-de bir döwek tokmagym bolmansoň, bu harmanyň çäjini hem elim bilen owup almalydym. Ýöne, birbada elim degmändigi üçin, men tutuş hasyly sümmüli ýenesi bilen bilelikde bir gyra basyp goýdum.

Şol iki arada, däne ätiýäçlygym barha köpelýändigi mynasybetli, men indi has giň däne ammaryny gurmak isleýärdim. Täze harmandan ýigrimi buşel töweregi arpa bilen ýene şonçaragam bürünç hasylyny alypdym. Şeýle bolansoň, indi ony arkaýyn azyk üçin ulanyp biljekdim. Kakadylan külçelerim haçaneýýäm tükenipdi. Mundan başga-da, men ýylyň dowamynda näçeräk arpadyr bürünjiň gerek boljagyny hasaplap, ekini ýylda bir gezek ekmeli diýen karara geldim.

Görüp otursam, bir ýylda kyrk buşel bürünç bilen arpa maňa artykmaçy bilen ýetjek ekeni, onsoň men çörek we ş.m. azygym üçin ýeterlik boljakdygyny umyt edip, her ýyl iň soňky gezek eken dänäme barabar däne ekmegi ýüregime düwdüm.
Şu işler bilen meşgullanyp ýören döwrümde, zol-zol adanyň beýleki tarapynda salgymlap duran gury ýer bölegi barada oýa batýardym. Şol ýere baryp ýetmek hakyndaky içgin arzuwlar ýüregime galyp bolupdy. O taýda materige, ilat ýaşaýan bir ýurda baryp düşerin, we her edip, hesip edip, şol ýerden aňyrlygyna ýola düşerin, belkem, ahyr bir gün bu ýerden sypmagyň çykalgasyny taparyn öýdüp göz öňüne getirýärdim.
Şol arzuwy ýüregimde besläp ýörşüme, munuň ýaly töwekgelçiligiň howp-hatarlaryny gözden salýardym, Afrikanyň ýolbarsdyr gaplaňlaryndan has wagşydyklary köre-hasa bolup duran ýabany adamlaryň eline bir düşäýsem, olaryň meni öldürjekdigi, hatda çişe düzüp iýjekdikleri barada oýlanmaýardym. Muny aýdýanymyň sebäbi, Karib deňziniň kenarýaka ýakasynda ýaşaýan adamlaryň adamhordygy, ýagny adam etini iýýändigi hakynda eşidipdim, meniň şu wagtky ýaşap ýören adamyň bolsa, geografik giňişlige görä çen ursaň, şol kenarýakalardan onçakly uzakda ýerleşmeýändigini bilýärdim. Ol ýeriň ýaşaýjylary adamhor bolmaýanda-da, barybir olaryň meni öldürmegi gaty ähtimaldy, çünki ýabany adamlaryň eline düşen köp sanly ýewropaly, hatda on-ýigrimi adamlyk topardan ybarat hem bolsalar, şirin janyndan el üzmeli bolupdy. Meniň bolsam, ýekeje özümdim, olara gaýtawul berip biljegim hem gümanady. Bireýýäm ölçerip-döküp goýmaly şu howp-hatarlarymyň barysy indi-indi kelläme gelýän-de bolsa, barybir ýüregime o diýen dowul salyp bilmedi. Onsoň, şol gury ýere gitmek baradaky oý-pikir tutuş durkumy gurşap aldy.
Ine şonda men kiçijik dostum Ksurini we Afrikanyň kenarlaryny syryp, müň milden gowrak ýüzüş geçiren ýelkenli barkasymy ahmyr bilen ýatladym. Arman, indi peýdasy ýokdy. Soňra, ilki başda gürrüň berşim ýaly, apy-tupanda heläkçilige uçran mahalymyz tolkunlaryň gäminiň gaýygyny şu wagtky ýaşaýan ýerimden ep-esli uzakdaky kenarýaka çykaryp taşlandygy hakydama geldi we şony gidip görmegi karar etdim. Gaýyk şol öňküje ýerine golaýrak duran ekeni; ol çägelik saý ýerde tolkunlaryň we ýeliň badyna başaşak düňderilip, biraz ýokaryk saýlanyp durdy. Ýöne töwerek-daşyna suw baryp ýetmändir. Eger bu ullakan gaýygy elden geçirip abatlamaga we suwa goýbermäge kömekçim bolan bolsady, onda ony göwnejaý täzeden gurnagada, üýtgeşik bir kynçylyga sezewar bolmazdan Braziliýa çenli baryp ýeterdim. Emma welin, gaýygy dürs tarapyna öwürmegiň meniň üçin adany ýerinden gozganyň bilen des-deň boljakdygy görnüp durdy. Ýöne, her niçik-de bolsa, men elimden geleni gaýgyrmazlygy ýüregime düwüp, tokaýa gitdim we syrdam agaçlardan çapyşdyryp, birgiden ryçag bilen tigirçek taýýarlap, gaýygyň ýanyna alyp gaýtdym. Gaýygy bir beýlesine agdaryp bilsem, onuň zeperli ýerlerini birlaý elden geçirip, birkemsiz ajaýyp gaýyga öwürjegime juda berk ynanýardym. Onsoň, onuň bilen arkaýyn açyk deňze çyksa boljakdy.
Bu netijesiz işden hiç hili janymy gaýgyrmadym, çak bilen, üç-dört hepdäni şoňa sarp etdim. Ahyrsoňy bu mähnet gaýygy bir özümiň agdarmaga güýjümiň ýetmejegine

göz ýetirenimden soň, onuň aşagyndaky çägäni köwüp aýyrmaga aýlanyşdym. Gaýyk köwlen ýere bakan kem-kemden agdygyça, ony gerekli ugra gönükdirip, şeýde-şeýde ahyrsoňunda beýlesine öwürmek üçin, gerekli ýerlere-de ýogyn taýaklardan kakyşdyryp çykdym.
Şu aýdan işlerimiň ählisini gutardym eden wagtym, gaýyk eger-eger ýerinden gozganarly görünmeýärdi. Ony suwa tarap az-owlak süýşürmekden ellibizar geçen, gaýtam aşagyndaky köwege-de sümülip bilmedim. Halys paltam daşa degensoň, bu işi goýbolsun etmeli boldum. Emma, gaýygy bejermekden el ýuwandygyma garamazdan, çykalgasyz göründigiçe, gözýetimde salgym atyp duran gury ýere baryp ýetmek baradaky höwesim barha möwç alýardy.
Iň soňunda, men şu ýurtlarda yaşaýan ýerlileriň hiç hili abzal-gural ulanman, ullakan agaç sütüninden köwüp ýasaýan gaýygyny ýa-da taýmylyny ýasamak barada kelle döwüp başladym. Men muny diňe bir mümkin däl-de, eýsem ýeňiljek iş hasapladym we bu pikir maňa näçe diýseň ýakymly göründi. Çünki negrlere ýa-da indeýlere seredeniňde, munuň üçin mende has köp abzal-gural bardy. Ýöne meni indeýlere garanyňda has yzda galdyrýan käbir kynçylyklary, aýdaly, taýmyl taýýar bolansoň, ony suwa iteklemäge kömekleşer ýaly adam ýokdugyny gözden salypdyryn. Hakykatdan-da, meniň duçar boljak bu kynçylygym indeýleriň abzal-gural kösençliginden bäş esse beterdi. Dogrudanam, barybir ýasajak gaýygymy suwa çenli eltmäge güýjüm ýetmän, ony şol duran ýerinde taşlajak bolsam, onda etek alty, ýeň ýedi bolup, tokaýdan togalak agaç gözläp tapmak, ony gara-görgä batyp çapyp ýykmak, abzallarym bilen daşyny ýonup gaýygyň suduryny berip ýylmamak, içini bolsa, ot bilen köýdürip köwlemek we şuňa meňzeşler ýaly bir topar muşakgatyň maňa näme derkary bolar?
Elbetde, bu gaýygy ýasaýan wagtymda, ilki bilen ony nädip deňze goýberjekdigim barada ölçerip-döküjek ýalydyryn. Emma welin, deňizde erkana ýüzüş geçirmeklik baradaky oý-pikir meniň aňymy şeýle bir eýeläpdi welin, gaýygy adanyň içinden kenara çenli alyp gaýtmalydygy ýedi uklamda ýadyma düşjek däldi. Hakykatda bolsa, gaýygy deňizde kyrk bäş mil ýüzdürenimden, ony duran ýerinden deňze çenli kyrk bäş gulaç süýşürenim has kyn düşjekdi.
Jemläp aýdanymda, men edil akyl-huşumy ýitiren dek, haýdap gaýyk ýasamaga girişdim. Men öz ýanymdan monça bolup işläp ýörşüme, bu işiň hötdesinden gelmäge güýç-kuwwatymyň ýetip-ýetmejekdigini hasap etmeýärdim. Aslynda, çendanýarym «gaýygy suwa nädip eltsemkäm» diýip, ünji etmän hem duramokdym, emma, öz-özüme: — «Öňürti ýasap bir bolaýyn, bakaly; onsoň ony her edip, hesip edip kenara çenli äkitse bolar» — diýip, göwnümi aldaýardym.
Bu barypýatan soňuny saýmazlykdy, ýöne halys içim byjyklap duransoň, ýeňimi çyzgadym-da, gaýyk ýasanmagyň ugruna çykdym. Men hellewläp oturan äpet kedr agajyny paltalap ýykdym. Megerem, Iýerusalimdäki ybadathanany guran mahaly Süleýman pygamber hem beýle uly agajy çapan däl bolsa gerek. Meniň çapan agajymyň diametri töňňe tarapynda bäş fut on dýuýma, ýigrimi iki fut ýokarlykdaky uç tarapynda bolsa, dört fut on bir dýuýma deňdi; kedr agajy şondan aňyrlygyna inçelip, şahalara bölünip gidýärdi. Bu äpet agajy ýykmak üçin kösenmek kösendim.

Diňe bir düýbüni çapýançam ýigrimi gün gerek boldy, ýene-de on dört güni onuň şahalarydyr çybyklaryny pudarlamak we gür ýaprakly depesini aýyrmak bilen hysyrdanyp geçirdim. Şondan soň, togalak pürsüň daş ýüzüni ýonup, belli bir şekil bermek we suwuň ýüzünde göni durar ýaly, düýbüni gaýygyňka meňzetmek üçin tegelek bir aý jan aýaman zähmet çekdim. Men ol işi birýan ýüzli edip, pürsüň iç ýüzüni oýmaga girişdim we üç aý diýlende gaýygymy taraşlap dyndym. Dogrusy, men hiç hili ot ulanman, diňe tokmak we isgene bilen üznüksiz işledim. Şeýdip, ahyrsoňunda, birbada ýigrimi alty adamy, has takygy, meni we tutuş goş-golamlarymy göterip biljek örän ajaýyp gaýygym taýýar boldy.
Gaýykly işi tamamlan wagtym begenjimden ýaňa uçaýjak bolýardym. Bu mähnet gaýyk meniň bütin ömrüme gören, ýekeje agaçdan ýasalan ähli gaýyklarymdan has uludy. Bu gaýygyň maňa nähili surnukdyryjy zähmete düşendigine ynanyp bilersiňiz. Indi ony diňe suwa goýberäýmek galypdy. Eger şuny hem başaraýsam, onda öňde-soňda çykylan deňiz ýüzüşleriniň arasynda iň bir pähimsiz ýüzüşe başlajakdygym gürrüňsizdi.
Ýöne welin, gaýygy suwa eltmek üçin şonça dyrjaşyp eden azaplarym biderek boldy. Ol suwdan bary-ýogy ýüz ýard aradaşlykda durdy; ýöne, birinji kynçylyk kenara çenli aralykda ýapy ýokarlygyna galyp gidýän baýyrjygyň bar bolmagyndady. Men bu päsgelçiligi aradan aýyrmak üçin, baýryň aralykda duran gumly bölegini durşuna ýaryp, aşaklygyna peselip gidýän eňňit ýasamagy ýüregime düwdüm. Men haýal etmän işe girişdim we iki egnimden gum sowrup, gara-gäz bolup, dynuwsyz zähmet çekdim (bolmanda, zeýrenip oturanyň bilen «erkinlige çykyber» diýjek barmydy diýsene?). Bu iş dynyp, päsgelçilik aradan aýrylansoň hem, bar zat öňki-öňküligine galdy. Edil gäminiň gaýygynda bolşy ýaly, bu gaýyk hem eger-eger gozganaýsa nädersiň! Şol wagt men deňze çenli bolan aradaşlygy ölçedim we ýap çekmegi karar etdim. Çaky, gaýygy deňze eltip bolmajak bolsa, onda suwy gaýygyň ýanyna getirmelidi. Şeýdip men ýaby gazmaga çemelendim we ýeri nähili çuňlukda, nähili giňlikde gazmalydygyny we näçeräk gumuň çykjagyny hasaplaşdyryp gördüm welin, hemme iş meniň fiziki güýjüme baglydygy we başga kömekçimiň ýokdugy sebäpli, ýaby çekip gutarýançam on-on iki ýyl dagyn gerek boljak ekeni. Sebäbi kenarýaka örän beýikdi, şonuň üçinem ýabyň çuňlugyny, bolmady diýeniňde, ýigrimi futa dagyn ýetirmelidi. Ahyrsoňy, bu synanyşygy hem bialaç goýbolsun etdim.
Şunça azabymyň reýgan bolanyna haýpym gelip, janym ýanýardy; çeýnejek çöpüňi bilmän, nämä durýandygyny ölçerip-dökmän, çem gelen işiň başyny tutmagyň nähili akmaklykdygyna indi göz ýetiripdim.
Men gaýykly işiň gyzyşan wagtlarynda adadaky dördünji ýylymy hem tamamladym we her ýyl bolşy ýaly, şol güni Beýik Biribara çäksiz sadyklyk hem-de kanagat bilen ybadat edip geçirdim. Hakyň Kelamyny yhlas bilen yzygiderli okaýandygym sebäpli, Biribaryň goldawy bilen, men indi öňki bilýänlerimden has üýtgeşik zatlary bilýärdim. Men ähli zatlara başgaça göz bilen garaýardym. Dünýä indi menden uzakdy. Ondan hiç zat tama etmeýärdim, onluk işim galmandy. Dünýewi höweslerimi hem bir ýaňa goýupdym. Gepiň külesi, meniň dünýä bilen algy-bergim galmandy, ondan hantama bolýan zadym hem ýokdy. Meniň garaýşyma görä, bu

dünýä, belki ahyretden seredeniňde görnüşi ýaly, misli bir wagtlar ýaşap, indem göçüp gaýdan mesgenim ýaly bolup görünýärdi. Edil Ybraýym pygamberiň tütjar baý adama aýdyşy dek: «Ikimiziň aramyzda düýpsüz uçut bar» — diýip, arkaýyn aýdyp biljekdim.

Ilki bilen, men bu ýerde dünýäniň ähli erbetliklerinden saplandym; mende ne-hä ten islegidir göz hyjuwy bardy, ne-de ýaşaýşyň buýsanjy. Mende yşgyna düşerim ýaly hiç bir zat galmandy, sebäp diýseň, indi elim uzadan ýerime ýetýärdi, hözirini görüp biljek ähli zadym bardy. Giden bir uly adanyň eýesi bolup otyrdym. Ýa-da, göwnüm islese, özümi şu wagt elimde bar bolan bu giňişlik adanyň koroly ýa-da imperatory diýip hem atlandyryp biljekdim. Meniň bäsdeşim-de ýokdy, duşmanym-da. Häkimiýetime göz dikilmeýärdi. Islesem, ençeme gämini galladan mas ýükläp biljekdim, ýöne onuň maňa derkary ýokdy; şonuň üçin galla hasylyny maňa iýelge bolarlyk möçberde öndürýärdim. Näçe diýseň pyşdylym bardy, ýöne olaryň bir sanyjagy hem garnymy gerk-gäbe doýurmaga ýetýärdi. Meniň giden bir flot gurmaga ýetjek sümme tokaýlarym bardy; çakyr ýasamaga ýa-da güne serip, kişmiş etmäge näçe üzümim bardy. Islesem, flot guran wagtym, ähli gämileri erňegine çenli çakyr bilen kişmişden ýükläp biljekdim.

Men şu giden zatdan diňe özüme gerejigini ulanýardym. Bol-telki iýip-içip, gaýry hajatlarym bitip durka, onça zady men näme edeýin? Eger iýjegimden köp aw awlap, söwüş etsem, ýa-ha itime ýal boljak ýa-da mör-möjejiklere; iýjegimden köp galla eksem, zeňläp guma garyljak. Gereginden artyk çapan agaçlarym ýerde çüýräp galýar. Men olary diňe ot ýakar ýaly odun hökmünde ulanýardym, ody bolsa, diňe nahar bişirmek üçin ýakýardym.

Ýeke söz bilen aýdanyňda, tebigat hem-de tejribelerim maňa dünýädäki ähli ýagşy närseleriň gereginden artyk böleginiň bize hiç hili nepiniň degmeýändigine düşünmegi öwredipdi; şol ajaýyp nygmatlardan depseň yranmaz baýlyk ýygnasak-da, barybir ondan diňe özümize gerejigini ulanyp bilýäris, galany bolsa, özge kişilere galýar. Eger meniň ýagdaýyma düşen bolsa, onda dünýädäki iň açgöz, iň harsydünýä adam hem özüniň doýmaz-dolmaz açgözlüginden saplanardy; çünki bu ýerdäki bolelinlik peýdalanyp biljegimden juda kändi. Elbetde, maňa örän zerur käbir zatlaryň ýetmezçilik edendigini hem belläp geçeýin, ýöne olaryň barysy hälki bir maýda-çüýde zatlardy ahbetin. Eýýäm gürrüň berşim ýaly, mende jemi otuz alty funt sterling töweregi altyn we kümüş teňňe bardy. Haýp, ol hiç bir zadyň alnyndan bolman gözgyny halda çaşyp ýatyrdy. Bu puly men nämä sowaýyn? Däne üwär ýaly el degirmene ýa-da on-on iki daňy temmäki şybygyna derek uly höwes şol altyn-kümüşden bir goşowuç bermäge taýýardym. Ýok, ýok! Aslynda men Angliýadan getirilen, alty penslik bir gysym şalgam we käşir tohumy, ýa-da sähelçejik nohutdyr noýba, ol-da bolmasa bir çüýşejik syýa bilen şol altyn-kümüşli haltany başybitin çalyşmaga-da razydym. Bir gyrada tozan basyp ýatyşy bilen, bu pullaryň maňa düýbünden nepi degmeýärdi. Agramlyja tylla teňňeli halta şeýdip ygally möwsümlerde gowagyň çygly künjegindäki ullakan çekerde dura-dura heňläp gitdi. Eger şol çeker lagly-göwherden ýaňa çogup duranda-da, barybir meniň üçin gara şaýa geçjek däldi, sebäbi onuň ýagşydan-ýamandan peýdasy ýokdy.

Indi meniň ýaşaýyş keşbim ozalkysyndan has ýeňildi. Akyl we beden taýdan juda ýeňil gopýardym. Nahar başyna geçen wagtym, şu düňle-beýewanda müň dürli näz-nygmatlar bilen bezelen sahawatly saçagyny ýazyp goýandygy üçin şükür-dogalar edip, Keremli Allanyň takdyryny öwüp-arşa çykarýardym. Men öz ýagdaýymyň tukat-garaňky tarapyna däl-de, bagtyýar-röwşen tarapyna has köp seretmegi, mätäç zatlarymy däl-de, eşredini görýän zatlarymy nazarda tutmagy öwrenipdim. Bu maňa kähalatlar şeýle bir pynhan lezzet berýärdi welin, aýdyp-diýip düşündirer ýaly bolmaýardy. Men bu gürrüňi, diňe Allanyň bermedik zatlaryna ymtylyp, oda-köze düşýän we Onuň eýýäm bagyş eden eşretleriniň we nygmatlarynyň datly hözirini görmegi oňarmaýan nar-nadyl adamlar üçin aýdýaryn. Göwnüme bolmasa, mätäçlik çekilýän zatlar bilen baglanyşykly döreýän hemme nägileliklerimiz elimizde eýýäm bar bolan zatlara şükür etmeýändigimiz sebäpli ýüze çykýan bolmaly.
Maňa ep-esli kömegi degen, meniň günüme uçramagy ähtimal islendik adama-da, gürrüňsiz, peýdasy degjek ýene-de bir pikir bardy. Ol bolsa, edil häzirki hal-ýagdaýymy ilki ada gelip düşendimde güman eden ýagdaýym bilen deňeşdirip görmekden ybaratdy. Eger Biribar gäminiň şeýle ajaýyp gudrat bilen gury ýere şunça ýakynlaşmagyny höküm etmedik bolsady, onda bu ada çykmaga bir görgülik boljakdy welin, ada çykanymdan soň, maňa bu ýerde arkaýyn we asuda ýaşamaga goltgy beren ähli abzal-gurallary, goş-kötelleri we ýene birentek serişdeleri gämiden ömüralla-da daşap bilmezdim ahyryn. Şol zatlar bolmadyk bolsady, onda işlär ýaly abzal-guraldan, özümi gorar ýaly ok-ýaragdan we aw awlar ýaly däridir seçmeden mahrum galardym. Şonda halym niçik bolardy?
«Gämiden hiç zat alyp bilmedik bolsam, näme edip, näme goýardymkam» diýip, iň bir öwüşginli reňkler bilen göz öňüme getirmäge synanyşyp ençeme sagady, hatda güni oýlanyp geçirdim. Şeýle bolanlygynda balyk bilen pyşdyldan başga azyk-owkatym bolmazdy. Belkem, olary awlamagy başarýançam, açlykdan ölerdim. Eger ölmän, diri galsadym, onda tüýs ýabany adam bolup ýaşardym. Bardy-geldi, bir geçi ýa-da guş tutaýsam, men barybir onuň derisini ýüzüp, iç-goşuny arassalap bilmezdim. Onsoň ony edil ýyrtyjy haýwan ýaly dişim bilen çekeläp, dyrnaklarym bilen ýolmalamaga mejbur bolardym.
Şu hili oý-pikirler meni Biribaryň şu eden sahawatyna bolan duýgularymy joşdurýardy we bütin kynçylyklary, kösençlikleri bilen bilelikde şu günki günüme päk ýürekden şükür etmäge gönükdirýärdi. Elbetde, kynçylyga sezewar bolan pillesi «Heý, menden bagtygara adam barmyka?» diýegen adamlar şu mesele barada oýlansa rast bolardy. Goý, olar käbir adamlaryň has agyr muşakgatlara duçar bolandygy, hem-de, eger Biribar islän bolsady, özleriniň hem şol güne düşmekleriniň gaty ähtimaldygy barada pikirlenip görsünler.
Ýüregime melhem bolup, umyt berýän ýene-de bir pikir ediş usulym bardy, ýagny häzirki günüm bilen, hakyna garanyňda sezewar bolmaly günümi degşirip görýärdim, şonuň üçin-de Biribaryň rehmedinden umydygär bolmaga mende esas bardy. Men ozal gaflatda ömür sürüpdirin, Alladan gorkmakdan geçen onuň barlygyndan hem bütinleý gapyl bolupdyryn. Enem-atam maňa ýagşy edep-ekram beripdi; olar Gudraty Güýçliniň eradasyna haýran galyp, gorky duýmagy, ybadat-tagat etmegi, tebigatymyň

zerurlyklaryny hem-de panydan baka göçenimde gerek boljak närseleri gulagyma guýjak bolup yhlas bilen jan edipdiler. Arman, men deňizçilik kärine ir baş goşdum, Allanyň ýaradan iň bir eýmenç tebigy hadysalary bilen elmydama ýüzbe-ýüz gezýände bolsalar, deňizçiler Hudaýyň gorkusyndan iň bigäne halk bolýar; diýýänim, deňizçilik durmuşyna irki ýaşda ýüz urup, deňizçi ülpetlerim bilen oturşyp-turşup başlanymdan soň, olar ýaňsylaşyp gülşüp, onsuzam sähelçejik bolan dini ynanjymyň soňuna sogan ekdiler; men howp-hatarlary äsgermezçilik edip, ajala dogry garap, şonça uzak wagtyň dowamynda özüm tetellilerden özge adamlar bilen gürrüň edişmäge ýa-da ýagşy sözleri, juda bolmasa, ýagşylyga ýykgyn sözleri eşitmäge hiç hili mümkinçilik tapman ýörşüme tüýs ýedi derýanyň suwuny içen diýleni bolup gitdim.

Ýagşylyga degişli her bir zatdan, özümiň kimdigimden, kim bolmalydygymdan şeýle bir kör ýaşapdyryn welin, Sale şäherinden gaçyşym, portugal kapitanyň meni öz gämisine kabul edişi, meniň Braziliýada gurply hojalyk gurnaýşym, Angliýadaky goş-golamlarymy äkeldişim ýaly iň bagtyýar pursatlarymda hem, ne dilimde ne-de göwnümde «Allaha şükür» diýen senaly sözler bolmandy; başymdan inen ýowuz külpetler wagtynda-da Biribardan dileg etmek ýadyma-oýuma düşmezdi; iň bärkisi, «Eý Allam, maňa rehim et» diýmelidirem öýtmezdim. Onuň adyny diňe ant içen hem-de küpür geplän mahalymda ulanýardym.

Aýdyşym ýaly, geçmişimde ýaşan şol biweç, doňýürek ýaşaýşym barada ençeme aýlap aňymda elhenç pikirler köwsar urdy. Degre-daşyma seretdigimçe, şu ýere gelelim bäri nähili ylahy ýalkawlaryň meni gurşap alandygy, Allatagalanyň maňa nähili jomartlyk bilen eçilýändigi, meniň agyr etmişlerimi bagyşlap, gazabyna duçar etmeýändigi, gaýtam Onuň öz nygmatlaryny depämden gumralaýyn guýup, bolelinlikde baýnadyp ýaşadýandygy barada oýlanýardym. Şol bolsa Beýik Allanyň öz dergähinde meniň tobalarymy kabul edip, maňa ýene-de köp sahawatlar etjekdigine ynam döredýärdi.

Şol zatlary aňymda öwrüp-çöwrenimden soň, häzirki düşen ýagdaýymda Biribaryň takdyryna ten bermelidigimi, şeýle hem, şu günüme tüýs ýüregimden şükür etmelidigimi; eden ýazykly etmişlerim üçin temmi berilmändigi sebäpli, bu jan tende durdugyça nägile bolmaga hakymyň ýokdugyny; aslynda, bu ýerde, özümiň mynasyp däl nygmatlarymyň ençemesiniň hözirini görüp ýörendigimi; ýer ýumruklap, günümden zeýrenip oturman, gaýta keýpim daş ýaryp, birgiden ylahy gudratlar arkaly her günki iýip-içgim bol-telki tapylyp durandygy üçin, otursam-tursam Allany ýat edip, alkyş-sena okamalydygymy; ylla diýersiň, gözli çeşme deýin yzly-yzyna ýagdyrylyp gelýän gudratlar arkaly, azyk-suwluga mätäç bolmazlygymyň gargalaryň Ylýas pygamberi naharlamagyndan pes ahwalat däldigini; dünýäniň janly-jemende ýaşamaýan haýsy künjegine düşenimde-de, şu taýdan palan hili gowy bolardy diýip biljek ýerimiň ýokdugyny; bu taýda ýekesiräp, içim gysýan-da bolsa, janyma howp saljak wagşy ýyrtyjylaryň, gazaply möjekleriň ýa-da gaplaňlaryň, zäherli jandarlardyr ir-iýmişleriň, etimi çişe düzüp, süňkümi gemirjek wagşy adamhorlaryň ýokdugyny birin-birin göz öňüme getirip, halyma şükür etdim. Gepiň keltesi, ýaşaýşym bir tarapdan gussaly-da bolsa, beýleki bir tarapdan ol Allanyň ýalkamagyna mynasyp

bolupdy. Ine-gana ýaýnap ýaşamak üçin kem zadym ýokdy, meniň bar etmeli işim Biribaryň maňa eçilen eşretlerine we Onuň maňa garaşyk edýändigine çuňňur göz ýetirip, öz göwnümi hoşlap gezmek bolup durýardy. Şeýlelikde, men bu meseleleri paýhas elegimden geçirip, gündelik durmuşa gümra boluberdim. Dolanybam gaýgy-hasrat çekmedim.

Adada ýaşap ýörenime köp wagt bolandygy sebäpli, gämiden gury ýere daşan zatlarymyň birentegi gutarypdy, harap bolupdy ýa-da ulanmaga ýaramly möwritini ötüripdi. Öň gürrüň berşim ýaly, meniň syýam belli bir wagta çenli ýetdi. Men oňa azajyk-azajykdan suw goşup ulanyp ýördüm weli, ol barha öçügsilenip, ahyr soňunda kagyzyň ýüzünde yz galdyrmasyny bes etdi. Men syýa şeýdip gutarýança deňiç, başymdan geçen üýtgeşik wakalary aýy-güni bilen birsydyrgynja edip, gündeligime ýazýardym. Günlerde bir gün şol belläp goýan ýazgylaryma göz aýlap otyrkam, ilki bilen, başymdan geçen her dürli wakalaryň bolup geçen günleriniň örän geň ýagdaýda gabat gelýändigi ünsümi çekdi. Eger günlere sähet-bisähet diýip, yrym edýän bolsadym, onda ähli derwaýys günlerimi uly bilesigelijilik bilen telläp çykmagym hem mümkindi.

Ilki bilen, deňiz ýüzüşine gitmek üçin enem-atamdan, dost-ýarlarymdan gaçyp, Hall şäherine baran günüm bilen birmeňzeş günde saleli garakçylara ýesir düşüp, gul edildim. Ýarmut reýdinde gark bolup barýan gämiden gaçyp sypan günüm bilen şol bir günde Sale şäherinden barkasly gaçyp gaýtdym. Doglan günümde, ýagny sentýabr aýynyň 30-ynda, ýigrimi alty ýaşymy tegelän pillämde, Biribaryň gudraty bilen gämiden janymy gutaryp, şu adanyň kenaryna aýak basdym. Şeýlelikde, meniň ýazykly we ýalňyz durmuşym şol bir günüň özünde başlapdyr ekeni.

Syýanyň yzy bilen meniň nanym, ýagny gämiden alyp gaýdan külçelerim hem baýady. Bir ýyldan gowrak wagtlap, günde ýekeje külçe bilen ölmez-ödi oňňut eden bolup, çöregi biçak tygşytly ulanypdym. Şonda-da, barybir öz hasylym ýetişýänçä, arly ýyl diýen ýaly nansyz galdym. Emma munda-da şükür etmäge düýpli esas bardy, sebäbi gudrat bilen arpaly-nanly bolupdym, ýogsam iki elimi burnuma sokup galybermelidim.

Egin-eşiklerimiň hem şylhasy çykyp ugrapdy. Içki geýim diýeniňä, hälki bir beýleki deňizçileriň sandyklaryndan tapan çyzmykly köýneklerim bar diýmeseň, başga tetärigim ýokdy. Olary hem biçak aýawly saklaýardym, çünki köplenç halatda diňe köýnek geýmeli bolýardym. Umuman deňizçilerden galan geýim-gejimleriň arasynda şol otuz-otuz bäş sany köýnek maňa tüýs hezil berýärdi. Mende deňizçileriň geýýän galyň şinelleri bardy, ýöne bu yssy klimatda olary egniňe sokup boljak däldi. Aslynda, munuň ýaly tüp-yssy howada egin-eşik geýmegiň o diýen hajaty hem ýokdy. Emma adada ýekeje özüm-de bolsam, ýalaňaçlanyp, şatyr-şallak gezip ýörmäge höwesek däldim, höwesek bolaýanymda-da beýle pikiri ýele ýanymdanam geçirip biljek däldim. Sebäbi, ýalaňaç gezip bilmeýänimiň ýene bir emmasy bardy. Çuw-ýalaňaç bolsam, ýeňiljek eşikli gezen mahalymdakyň tersine, günüň jöwzasyna çydam edip biljek däldim; çünki, tenimiň açyk galan ýerleri jokrama yssa çydaman pakgaryp, gabarçak-gabarçak bolýardy. Köýnek geýenimde bolsa, köýnegiň içinden howa geçip, ýelejireýärdi-de, ýalaňaç wagtymdakydan iki esse dagyn salkynladýardy.

Men ýalbyrap duran günüň astynda kelleýalaňaç gezmäge-de teý öwrenişip bilmedim. Bu ýerde günüň jöwzasy şeýle bir ýakyp-ýandyryp barýardy welin, şlýapa ýa-da şyrdak geýmesem, dik depämden düşýän günüň şöhlesi kellämi deşip gelýärdi. Şyrdajygymy geýen pillämde welin, ýaňky kelleagyry edil ýöne el bilen aýrylan ýaly bolýardy.

Şol küýlere gümra bolup, egin-eşik diýen bolup ýören şylhalarymy belli bir saýhala salmaga hyýallandym; ähli gursakçadyr kürtekçelerimiň halys takyry çykypdy. Indi elimde bar bolan deňizçi şinellerinden we beýleki mata-marlyklardan keltekçe ýasanmaga synanyşyp görmegiň aladasyny etmelidim. Şeýlelikde men tikinçilik bilen meşgullanmaga, has dogrusy, elime ilen zady gyrkyşdyryp, elem-ebtat çatyşdyrmaga başladym welin, äl, bir emelsiz sölitäň bar-da. Bolsa-da, men emel baryny edip, ahyryn iküç sany täze keltekçe tikindim, çakym çak bolsa, olar esli wagta çenli derdime ýararlydy. Jalbar tikinmek barada aýtsam bolsa, şondan soň näçe wagtlap dyrjaşsam-da, ol iş maňa el bermedi.

Awlaýan ähli jandarlarymyň, ýagny dört aýakly haýwanlaryň derisini ýygnap goýýandygymy ozal aýdypdym. Derileri ýüzüp alýardym-da, uzyn taýaklar bilen dartdyryp, günüň aşagynda serip goýýardym. Olaryň käbiri şeýle bir gurap, gataýardy welin, hiç bir derdiňe ýaradar ýaly bolmaýardy, beýleki deriler bolsa, birkemsiz gurap, diýseň ajaýyp bolýardy. Men olardan ilki bilen, özümi ýagyşdan gorar ýaly, deriniň tüýlek tarapyny daş ýüzüne çöwrüp, ullakan şlýapa tikdim. Ol şlýapa tüýs şlýapajan bolup çykdy welin, men şol derilerden bir laý eginbaş edinmegi ýüregime düwägede, ýel çalmaga gaýym edip, bir kürtekçe bilen bir sany dyzymdan bolup duran jalbar tikindim. Olary hem tüý gapdalyny daş ýüzüne çöwrüp, giň edip tikdim, sebäbi men özümi aňzakly sowukdan däl-dä, howur alýan petiş yssydan goramalydym ahbetin. Täze tikinen jindelerimiň juda eleşanja bolandygyny boýun alaýyn, sebäbi agaç ussaçylygyna duran ýerim bolsa, onda tikinçiligi dagyn özüňiz biliberiň. Emma her niçik-de bolsa, şol jindelerimi geýdim welin, janym dagyn heziller edinäýdi, ylaýta-da, şabyrdap ýagyş ýaganda diýsene. Keltekçäm bilen şlýapamyň tüýleri daş ýüzünde bolansoň, indi eger-eger eziljek aladam ýokdy.

Şondan soň, men özüme saýawan ýasanjak bolup, örän köp wagt hem-de zähmet sarp etdim. Ol maňa näçe diýseň gerek bolýandygy sebäpli, otursam-tursam bar küýüm şony nädip ýasamalydygynda boldy. Men Braziliýada saýawanyň nähili ýasalýandygyny görüpdim, ol ýurtda jokrama yssy bolan çaglarynda adamlar hezil edip saýawan göterýärdiler. Meniň ýaşaýan adam ekwator çyzygyna golaý bolansoň, bu ýerdäki yssy howa Braziliýanyň çeni-çaky däldi. Kileň daşary çykmaly bolýandygym üçin, saýawan hem ýagyşly, hem-de güneşli howada tüýs maňa gerek zatdy. Men irginsiz hysyrdanyp, halys çigidim çaşanda, ahyrsoňunda saýawana meňzeşräk bir alamaty tasa getirdim, aslynda synym oturar ýaly saýawan ýasanýançam, iki-üç sany saýawana ýeterlik matadyr derini ber-bibat edipdim. Ýöne, ahyrsoňy öz islegime kybap gelýän saýawan ýasamagyň hötdesinden geldim. Emma, ony açyp-ýapmak görgi boldy. Saýawany diňe açyk durar ýaly edip ýasamak boljakdy. Ýöne, şonda açyk saýawany diňe depäme tutup gezäýmesem, ony başga hili ýanymda göterip biljek gümanym ýokdy. Beýdip, depäň saýawanly tentirekläp

ýörmek bolsa, ýeňil-ýelpaý iş däldi. Şeýle-de bolsa, ýaňky aýdyşym ýaly, men iň soňunda özüme çemeliräk, açylyp-ýapylýanja bir saýawan edinmegi başardym. Onuň daş ýüzüne tüýlek deri tutdum welin, ol indi misli gapynyň öňündäki bassyrma deýin ýagyş suwlaryny bir ýaňa akdyryp goýberýärdi, meni günüň jöwzasyndan saýalap serginlik berýärdi. Indi men tebit alýan ýalynly yssyda hem salkyn howadakydan has arkaýyn gezelenç edip bilýärdim. Gerek bolmadyk wagty bolsa, ony ýapagadan, goltuga gysdyraýmalydy.

Şeýlelikde, men adada wagtyhoşluk bilen agaýana ýaşap geziberdim. Men özümi lükgeligim bilen Biribaryň eradasyna tabşyryp, Onuň takdyryna doly ten beripdim. Bu ahwal meniň durmuşymy adamlar bilen ýaşanyňdakydan has gözelleşdiripdi, haýsydyr bir adam-gara bilen gümür-ýamyr edişesim gelip, ýüregim gysan çagy bolsa: — «Ýeri, öz oý-pikirlerim bilen içgin sözleşmek ýa-da hatda kalbym joşup, öz dileglerimde (eger şeýle diýmek dogry bolsa) Hak bilen kelam alyşmak eýsem, dünýäde adamzat jemgyýetiniň iň bir bagtyýar pursadyça ýokmy näme?» — diýip, öz-özüme sowal bilen ýüzlenýärdim.

## X BAP

Şondan soňky bäş ýylyň içinde, başymdan hiç hili üýtgeşik waka geçmedi. Ömrüm şol bir ýerde, öňküje durkunda birsydyrgyn geçip durdy. Bir ýyla ýeterlik iýjegimi öňünden ammara basyp goýmak maksady bilen arpadyr şaly ekmek, üzüm ýygyp, kişmiş sermek we ş.m. ýyllyk işlerimiň, ýa bolmasa, gündelik awa-şikäre çykmak ýaly gündelik endiklerimiň gapdaly bilen meniň esasy meşgullanan işim özüme ýamaşgan bir gaýyk ýasanmak boldy. Men ahyrsoňunda ol gaýygy birkemsiz timarlap, boldum etdim. Gaýygyň duran ýerinden kiçijik buhtajyga çenli giňligini alty fut, çuňlugyny dört fut edip, uzynlygy ýarym mile dagy ýetjek bir ýapjagaz gazdym-da, täze gaýygymy suwa goýberdim. Ozalky ýasan taýmylym deňze nädip goýberjekdigim barada öňünden ölçäp-çenemändigim sebäpli, mähnet uly bolupdy. Men elliki çarp ursam-da, ne-hä ony deňze çenli äkidip, ne-de ýap çekip, deňzi onuň alkymyna getirip bilmän, halys ädim ýanansoň, indikime berk bolup, ikilenç gaýyk ýasanymda özüme göz bolsun diýägedän, ony duran-duran ýerinde taşlap gaýtmaga mejbur bolupdym. Dogrusy, men indiki gezekde deňze ýarym milden has ýakyn zolagy ýer ýykyp gözlesem-de, gabarasy täze gaýyga kybap geljek agaç tapyp bilmedim. Teýahyr üstünden baran agajymdan buhtajyga çenli aradaşlyk bolsa ýarym mil töweregidi, şeýle-de bolsa, “kör hasasyny bir aldyr” diýleni, men ählije zady ýedi ölçäp bir kesdim-de, mazaly änigine-şänigine ýetip, şol aralyga insizje ýap çekip boljakdygyna ymykly göz ýetirdim. Şondan soň, ýene uly höwes bilen, diş-dyrnak bolup, gaýygy ýasamaga girişdim. Gaýyk taýýar bolýança tas iki ýyllap diýen ýaly irginsiz zähmet çekmeli bolan-da bolsa, men hiç hili zeýrenmän işledim. Ahyrsoňunda açyk deňze ýüzüşe çykyp biljekdigime bolan umydym maňa gujur-gaýrat berýärdi.

Emma welin, men çaklaňja gaýygym ýüzüşe taýýar bolan çagy, onuň ilkibaşda göz öňünde tutan niýetimi amala aşyrmak üçin juda ejiz geljekdigine göz ýetirdim; diýjek

bolýanym, muňa münüp, kyrk mil gowrak uzaklykda salgymlap oturan gury ýer bölegine çenli ýüzüp gitmäge bognum ysmady. Şeýlelikde, gaýygymyň kiçidigi zerarly ol niýetimden gutarnykly el çekdim we dolanybam şonuň pikirini etmedim. Emma, mende adanyň daşyndan aýlanyp çykmak barada täze hyýal peýda bolanda guşgunym göterildi. Çünki, ozal gürrüň berşim ýaly, men pyýada ýöräp, adany kesip geçip, onuň beýleki tarapyna baryp görüpdim; şol kiçijek syýahatymda duş gelen açyşlarym bolsa, adanyň galan ýerlerine-de aýlanyp görmäge mende uly gyzyklanma döredipdi. Ine, indi meniň öz gaýyjagym bardy we adanyň daş-töwereginden ýüzüşe çykmak üçin ýüregim atygsap başlady.
Şol maksadymy amala aşyrmak üçin, men juda eserdeň oýlanyşyk bilen, gaýyga kiçeňräk bogaldak dakdym we gämiden alyp gaýdyp, ammarda küdeläp goýan bölek-büçek ýelkenlerimden pugta ýörmeşdirip, ykjamja bir ýelken tikdim. Şeýlelikde, men ýelkeni bolgaldakdan asdym-da, gaýygyň ýüzüşini barlap gördüm we onuň deňizde biçak ajaýyp ýüzjekdigine magat göz ýetirdim. Şondan soň men gezelenç üçin äkitmeli boljak azyk-owkadymy, gerek-ýaragymy, ok-därimi we gaýry zatlarymy ýagyş-ýagmyrdan we deňiz suwunyň syçrantgysyndan goraglap, guruja saklamak üçin gaýygyň öň we yz tarapyna iki sany guty, has dogrusy sandyjak ýasap, jebis çüýledim. Men tüpeňimi salyp goýmak üçin, gaýygyň iç ýüzünden insizden uzyn çukanak ýer oýdum. Ol çukanagyň üstüne-de tyrkyldadyp ýapaýar ýaly ýörite bir gapajygy ýonup taraşladym welin, ine, indi tüpeňim çyg çeker diýip howatyr etmese boljakdy.
Saýawanymy bolsa, gaýygyň yzky bölegine bogaldak ýaly edip mäkämläp goýdum welin, ol misli telärjik kimin meni günden saýalady duruberdi. Ana şondan soň, men mahal-mahal ýüzüşe çykyp ugradym, ýöne açyk deňze çykmaýardym-da, buhtajygyň golaý-goltumynda köw-söw urýardym. Ahyr soňy, kiçijik şalygymyň degre-daşyny aýlanasym gelip, halys ýüregim üzülip baransoň, men adanyň daşyndan ýüzüş etmegiň pikirine müňdüm. Şoňa laýyklykda, goşumy düwdüm-de, gaýygymy ýüzüşe şaýlap başladym. Ýigrimi-ýigrimi bäş tegelek arpa çörek (has dogrusy, zagara) diýermiň, tümmek bir piti gowurmaçlanan tüwi diýermiň (ol tüýs meniň höregimdi), ýa bolmasa bir çüýşejik rom, ýarpy geçi diýermiň, birden ýene aw edäýmeli bolsam diýip, ep-esli däridir seçme diýermiň, garasaý, gaýygy birkemsiz üpjün etdim. Deňizçileriň sandygyndan alyp galan şinellerim okyjynyň ýadyna düşýän bolsa gerek. Birini düşek, beýlekisini bolsa, gije ýatanymda ýorgan edinerin diýip, şolardanam iki sanagyny gaýyga okladym.
Hökümdarlygymyň, ýa-da isleseňiz, ýesirligimiň altynjy ýylynda, noýabr aýynyň altysy güni men ýüzüşe ugradym. Ýüzüş meniň çaklanymdan has uzaga çekdi. Adanyň özi onçakly uly bolmasa-da, men onuň gündogar tarapyna golaýlanymda, käsi suwuň aşagynda, käsi suwdan çykyşyp duran ulgam-ulgam gaýalyklaryň giden bir ýalpaklygy emele getirip, iki liga çemesi aradaşlygy tutup, okeana bakan süsňäp gidýändigine gözüm düşdi. Ondan aňyrlygyna bolsa, ürgün çägeli saý ýer ýarym liga töweregi uzalyp gidýärdi. Şol dilkawdan aýlanyp geçmek üçin, açyk deňze tarap ep-esli ýüzüp, uly öwrüm etmeli boljakdym.

Men ilkibaşda şol ýalpaklygy görenimde, okeanyň jümmüşine baka näçeräk böwür bermeli boljakdygymy çen urup bilmedim, üstesine-de, kenardan bir uzaklaşaýsam yza dolanyp biljegim gümana bolansoň, kelebiň ujuny ýitirdim-de, kenara tarap golaýlaşdym. Men ýola düşmänkäm, gämiden galan döwük bir leňňerden özümçeräk bir labyr ýasap, gaýyga salyp goýupdym. Men, ana, şol labyry suwa taşladym-da, gaýygy togtatdym.

Men labyryň tanapyny gaýyga göwnejaý oradym-da, elime tüpeňimi alyp, suwuň içi bilen ýöräp, kenara çykdym. Şol golaýdaky beýik baýra dyrmaşdym welin, ol ýerden ýaňky dilkaw edil eliň aýasy dek görnüp duran ekeni. Onsoň men ýüregime daş baglap, dilkawy aýlanyp görmeli diýen netijä geldim.

Baýryň depesinde eglenip, deňze esewan edip durşuma, güýçli we diýseň çasly bir akymyň gündogarlygyna bakan batly akyp, hatda gaýalyk dilkawa çenli gelip ýetýändigini saýgardym. Men ol akymy birsellem üns berip synladym, sebäbi birden şoňa düşäýsem, meniň üçin azda-kände hatarly bolmagy ahmaldy. Bady bilen bir açyk deňze sary ykdyryp äkidensoň, ada dolanyp gelmegiň hyllalla boljagy göze dürtülip durdy. Hernä, öňünden depä çykyp, saga-sola äňedenim bähbide çekipdir, ýogsam aksaň akyp gidibermeli boljak ekeni. Asyl, şeýle akym adanyň beýleki gapdalynda-da bar bolsa nätjek. Ýöne, ol has daşyrakdan akýardy. Mundan başga-da, edil kenarýakanyň alkymynda girdap sebäpli köwlenip akýan biçak güýçli garşydaş akym hem bar ekeni. Birinji akymdan aýlanyp geçmesem dagy alajym ýokdy, şonda girdabyň garşydaş akymy meni kem-kemden kenara ýakynlaşdyrjakdy.

Men şol ýerde labyr taşlap, iki gün garaşmaly boldum, çünki gündogar, günorta-gündogar tarapdan hälki akymyň tüýs tersine güýçli şemal öwsüp, dilkawyň üstünde aňňat-aňňat gomlar gopgun baryny turuzýardy. Şonuň üçinem, zarp bilen gelip urýan tolkunlardan ýaňa kenara golaýlar dagy eder ýaly däldi, daşyraga ýüzseňem akym elesledip, enter-pelegiňi öwürjekdi.

Ikinji gije harasat kiparlap, deňze asudalyk aralaşdy welin, men ertesi ir säher bilen täzeden ýola düşdüm. Emma welin, meniň bu geleňsiz hereketim ähli howul-hara, gögele dargalar üçin tüýs sapak alarlyk boldy. Sebäbi dilkawa ýetenim hem şoldy welin, heniz kenardan gaýygymyň boýuça-da daşlaşyp ýetişmänkäm, elhenç çuňluga we harazyň gatlasy ýaly eýmenç hokurdap akýan çasly akymyň ortarasyna baryp düşdüm. Akym gaýygymy şeýle bir okgunly akdyryp ugrady welin, hernäçe synanyşsam-da, ony akymyň ugrundan çykaryp bilmedim. Şol aralykda, men çep tarapymdaky girdabyň garşydaş akymyndan barha we barha uzaklaşýandygymy gördüm. Maňa kömegi deger ýaly şemal hem öwüsmeýärdi, arrygyňy gynap, küreklänişdenem üýtgeşik haýyr ýokdy. Men “indi barysy gutardy” diýip, dünýäden tamamy üzeňkirläp ugradym; sebäbi adanyň iki ýakasynda-da çasly akýan akym bardy we men birnäçe liga aňyrda olaryň ýaňadan birleşjekdigini misli aýnada gören ýalydym. Ana, onsoň şony tepbediň okalyp, gelmez ýola gitdigiň hasap edäýmelidi! Şol iki arada, bu ýagdaýdan halas bolmak üçin hiç hili çykalga-da tapmaýardym. Indi, ardurja heläk boljagym şübhesizdi, muňa asuda çaýkanyp ýatan deňiz däl-de, eýsem açlyk sebäp boljakdy. Dogrusy, men kenarda ullakan pyşdyl tapyp, zordan göterip, gaýygyň içine taşlapdym. Ondan başga-da, men toýun küýzelerimiň birini

süýji suwdan dolduryp, ýanyma alypdym. Emma welin, müňlerçe liga ýüzseň-de, ada-ýenä gabat gelip bolmajak, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän bu uçsuz-gyraksyz okeanda ykdyrylyp ýören bedibagta ojagazyň näme ýok bolsun diýsene?!

Şonda, men adamzat oglunyň şum täleýini öňküsindenem bäş esse beter etmegiň Allanyň huzurynda nähili ap-aňsat işdigine anyk göz ýetirdim. Çolaja, tukat adajygym indi gözüme ýeriň ýüzündäki iň ajaýyp mesgen bolup görünýärdi. Göwnüm şo taýyk ýamaşgan dolanyp barmagy näler telwas edýärdi. Men naýynjar halda, ada bakan iki elimi uzadyp: «Eý, sahawatly çöl-beýewan!» — diýip, delmuryp gygyrdym. — «Indi hiç haçan saňa gözüm düşmez. Wah, edenim bar bola, men bir iki jahan owarrasy şormaňlaý, ýeri, nirä alakjap barýaň diýsene?». Soňra men öz gadyrbilmez häsiýetimi teýeneläp ugradym; ýekelikden zeýrenip, hüňür-süňür edip, goýar ýerde goýmazdym; a, indi bolsa, şol kenara barmak üçin tutuş dünýe malyndan geçmäge taýýardym! Adam pahyr çig süýt emen-dä, ömür edähedidir, tä has beterine duşaýýança gününden närzadyr, elindäki eşretleriň hözirine diňe olary elden aldyransoň düşünýändir. Aýdyşym ýaly, ýüzümi üç ýuwlan ak esgä döndürip, nähili hopugandygymy aýdar-diýer ýaly bolmady. Mähriban adajygymdan (indi ol maňa şeýle görünýärdi) daşlaşyp, ümmülmez okeanyň jümmüşine tarap eýýäm iki liga töweregi ygyp gidipdim. Boljak iş bolup, suw seňrikden agypdy, yza dolanmakdan ymykly el üzüpdim. Şeýle-de bolsa, men halys sütünim süýnüp, tapdan düşýänçäm aldygyna kürek işledip, gaýygymy demirgazyk tarapa, ýagny, häzirki akymyň garşydaş akyma galtaşýan tarapyna ugrukdyrdym. Günortan bolup, gün dik asmandan agyp başlan çaglary, göwnüme bolmasa, günorta-gündogar taýdan gelýän edaja öwüsgin ýüzümi sypap giden ýaly boldy. Muňa meniň biraz süňňüm ýeňläp, keýpim göterildi. Ylaýta-da, ol şemal güýjäp, ýene ýarym sagatdan mylaýym ýele öwrülip, batly şuwlap başlanda nähili şatlanandygymy bir görsediňiz. Şol çaka deňiç men eýýäm adadan allaowarra uzaklaşypdym; eger şonda sähelçe ümür göterilip, howa bulutlanan bolsady, onda ugrumy ýitirip, çem gelen tarapa ygyp gidibermeli bolardym, sebäbi kompasym gaýykda däldi. Adany bir gözden ýitiräýdigim, gaýdyp onuň haýsy tarapda ýerleşýändigini biljek umydym ýokdy. Ýöne Hudaý diýen ýerim bar bolarly — arassa asmanda kir-kimir ýokdy. Onsoň men hasyr-husur bogaldagy dikeldip, ýelkeni galdyrmak bilen boldum-da, akymdan sypmak üçin, başardygymdan demirgazyga bakan ýüzmäge synanyşdym.

Bogaldagy dikeldip, ýelkeni galdyrdym welin, men gaýygym ýüzüp başlan dessine, suwuň aýna ýaly ýaldyrap duruşyndan çen urup, akymyň lummurdysynyň üýtgäp başlandygyny gördüm. Sebäbi akymyň güýçli ýerinde suw bulançak bolýar. Men suwuň durulygyny siňe synlap, akymyň, hakykatdan hem, bir sebäp bilen gowşap ugrandygyna göz ýetirdim. Biraz salym wagt geçensoň, men ýarym mil çemesi gündogar tarapda, deňiz tolkunlarynyň geriş-geriş gaýalyklara baryp urulýandygyny saýgardym. Görüp otursam, ol gaýalyklar akymy ikä bölýär ekeni. Bölünen akymyň esasy goly gaýalary demirgazyk-gündogarda galdyryp, günorta tarapa akýardy. Beýleki gol bolsa, gaýalardan yzyna serpigip, güýçli girdap döredýärdi-de, ýaňadan demirgazyk-günbatar tarapa diýseň çalt şaglap akýardy.

Meniň nähili şatlanandygyma, megerem, diňe jelladyň kündesine münüp, boýny syrtmakly durka günäsi geçilen, ýa-da ganhor garakçylaryň elinden ahyrky pursatda halas edilen, ýa bolmasa, şol zeýilli islendik bir apatdan sag-aman başyny gutaran adamlar düşünse gerek. Gaýygymy girdabyň emele getirýän ýaňky garşydaş akymyna girizen pilläm, begenjimden ýaňa ernim bir ýere gelmän, hut uçaýjak bolşumy bir görsediňiz! Men barha güýjeýän ugurdaş ýele edil çaga ýaly begenip, ýelkeni pasyrdadyp açdym welin, şadyýanja ýelkenim şolbada gübürdäp çişdi we gaýygym garşydaş akymyň güýçli daşgynyna goşulyşyp, mähriban adajygyma bakan zymdyrylyp ýola düşdi.

Garşydaş akym meni ada bakan bir liga çemesi ýakynlaşdyrdy, ýöne akymyň meni ilki okeana ykdyryp äkiden ýerine däl-de, şonuň iki liga töweregi demirgazygyna getirdi. Şeýlelikde, men ada golaýlaşan wagtym, başdaky ýüzüşe çykan ýerimiň göni ters tarapyna — adanyň beýleki ujuna baryp düşendigime göz ýetirdim.

Şol garşydaş akymyň kömegi bilen bir liga töweregi ýol geçenimden soňra, ol kem-kemden paýawlap, pessaýlady-da, meni mundan aňryk öz başyma goýdy. Şeýdip, men iki sany uly akymyň, ýagny meni okeana sürüp äkiden günorta akym bilen bir liga beýle ýanymdaky demirgazyk akymyň aralygynda, adanyň gara-görnüminde, eliň aýasy ýaly tekiz, imi-sala deňizde sopbaş özüm galdym oturyberdim. Şemal henizem öwsüp duransoň, men gaýygymy göni ada tarap burdum, emma, hälki tizligim indi ep-esli haýallapdy.

Öýlän sagat dört uçurlary, entek adadan bir liga daşlykda ýörkäm, şu külpedi başymdan inderen, ýokarda suratlandyryşym ýaly, günortalygyna uzalyp gidýän, belanyň körügi bolan şol gaýalyk dilkawyň, akymy has günorta bakan sowup, demirgazyk tarapda, başga bir garşydaş akym döredýändigini anykladym. Ol akym demirgazyga bakan towlanyp-towlanyp, örän çasly akýar ekeni, ýöne her niçik-de bolsa, ümzügim günbatara bolansoň, onuň bilen ýolum ugurdaş düşmeýärdi. Onsoň, men güýçli öwüsýän ýelden peýdalanyp, demirgazyk-günbatara tarap ýaý berägede, şol akymyň ortarasyndan parran böwsüp geçdim. Ýene bir sagat töweregi wagtdan, kenaryň bir mil golaýyna, deňziň asudaja ýerine aralaşdym we hä diýmän gury ýere aýak basdym.

Men çägelik kenara aýagym galtaşan badyna, dyzyma çöküp, meni halas edendigi üçin Şany beýik Allatagala alkyş okap, şükür etdim-de, bu adadan gaýykly gaçyp gutulmak baradaky ähli hyýallarymdan el çekmegi pugta ýüregime düwdüm. Soňra, ýanymda galanja azyk-owkadym bilen ýürekselik edindim-de, gaýygymy kenarýakada şahalary suwa degäýjek-degäýjek bolup, egrelişip oturan bir topbak agajyň aşajygyndaky bukuja ýere salyp ýygşyrdym. Uzaga çeken ýüzüşiň argynlygyndan ýaňa halys lejim çykansoň, men bir gapdala gyşaryp, süýji uka gitdim.

Men oýananymdan soň gaýygym bilen nädip öýe dolanarkam diýip, uly alada galdym. Uçugymy alyp, biçak gözüm gorkansoň, gelen ugrumdaky howp-hatarlara indi juda beletdim. Beýleki ugra, ýagny adanyň günbatar tarapyna bolsa, meniň asla beletçiligim ýokdy. Ikilenç bir kelkelä-de eger-eger başymy sokjak gümanym ýokdy. Şeýlelikde, gün dogup, jahan ýagtylansoň, men günbatar ýakany syryp, öýe bakan

ýöremeli diýen netijä geldim. Men soňundan işim düşen mahaly gelip münmegi hyýal edip, öz fregatymy arkaýyn goýup gider ýaly, howpsuzja buhtajyk gözläp, adanyň boýuna esewan edip ýola rowana boldum. Ýakany syryp, üç mil çemesi ýol ýöränimden soň, men diýseň ajaýyp bir aýlagjygyň üstünden bardym. Ol aýlagjyk bir mil töweregi adanyň jümmüşine aralaşyp gidýärdi, onuň barha çürelip gidýän insizje künjegine bolsa, bir kiçijik çeşme gelip guýulýardy. Men şol ýerde tüýs meniň gaýygym üçin elin niýetlenip gurlana çalym edýän örän imi-sala düşlegjik bardygyny gördüm. Gaýygymy şo taýyk getirip, göwnejaý berkitdim-de, haýsy jelegaýa gelip düşendigimi biljek bolup, kenara çykdym.
Görüp otursam, bu ýer şol bir wagtlar pyýadalap gelip giden ýerime juda ýakyn eken. Onsoň diňe tüpeňimi hem-de günüň gyzan tamdyr ýaly laplaýan epgeginden goranmak üçin saýawanymy aldym-da, niredesiň öýüm diýip ýola düşdüm. Deňizdäki galagoply syýahatymdan soň, indi maýdaja ädimläp, seýran edip barmak göwnüme juda hoş ýakýardy. Men agşamara jülgedäki telärli howlyma baryp ýetdim. O taýda hemme zat duran-duran ýerinde, gülala-güllük ekeni, çünki men tokaýdaky bu öýümi hemişe gül pürkülen ýaly, örän tertipli saklaýardym.
Men agaç haýatdan aşyryldym. Ýadawlyk zerarly halys endam-janym syrkyrap duransoň, bir salym bilimi ýazaýyn diýip, haýadyň kölegesine süýnen badyma uka gitdim. Näçe wagt ýatanymy bilemok, ýöne, ynha, «ýatanyň üstüne turan gelmesin» diýlişi ýaly, ukynyň alasarmygynda kimdir biriniň «Robin, Robin, Robin Kruzo! Görgüli Robin Kruzo! Sen nirede Robin Kruzo? Hany sen? Nirede gezip ýörsüň?» — diýen sesine allaniçigsi bolup, hopugyp oýandym. Meniň gökden düşen ýaly nähili aňk-taňk bolandygymy göz öňüne bir getiriň.
Irden salkyn gaýygy küreкläp, günortandan bärem paý-pyýada ýol geçip, mazaly lütüm çykansoň, men birbada agyr ukudan açylyp bilmän, äm-säm bolup oturşyma, kimdir biri düýşüme girendir öýtdüm. Ýöne ýaňky ses «Robin Kruzo, Robin Kruzo» halys tükezzibana tutup, goýar çende goýmady welin, men huşuma gelip başladym. Şolbada-da depe saçym düýrügip, tarsa atylyp turdum. Gözlerimi elek-çelek edip, töweregime bakajaklap görsem, asyl, haýatyň üstünde joňkarylyp, totujygym oturan bolsa nätjek. Men ýaňky hetjikläp oturanyň şol garagoldygyna derrew düşündim. Sebäbi, men totuguşum bilen şonuň ýaly naýynjar dilde gürleşýärdim, oňa şol hili sözleri öwredýärdim. Ol bu jümleleri tiz ýat tutýardy we meniň barmagymda hekgildäp oturyşyna, çüňküni ýüzüme ýakynlaşdyryp: «Görgüli Robin Kruzo! Hany sen? Nirede gezip ýörsüň? Bu ýere nädip düşdüň?» diýen sözleri we ýene şoňa meňzeş öwreden zatlarymy aýdyp gygyrýardy.
Ýöne, men onuň totuguşdygyna, başga hiç kim bolup bilmejegine göz ýetirenimden soň hem, esli wagtlap aýňalyp bilmedim. Men, ilki bilen, totuguşuň bu ýere nädip gelendigine, ondan soň, başga bir ýere däl-de, näme üçin şu telärli howla gelendigine haýran galdym. Şeýle-de bolsa, ýaňky sesiň eýesiniň Totujadan başga hiç kim däldigini bilip, ýüregim ynjaldy. Onsoň oňa bakan elimi uzatdym-da: «Totuja» diýip, adyny tutup çagyrdym. Göwnaçyk guşjagaz uçup gaýtdy-da, edähedi boýunça, başam barmagyma gonup, meniň bilen gepleşmäge başlady: «Görgüli Robin Kruzo! Men bu

ýere nädip düşdüm? Öň nirede boldum?». Ol meni täzeden görenine örän şatlanan bolarlydy, onsoň men onam alyp öýüme gaýtdym.

Şunluk bilen deňizdäki gezelenjimi belli-başly soňlap, köp günläp öýde demimi-dynjymy aldym we başymdan geçen howply ýagdaýy inçeden yzarlap, ymykly ölçerip-dökdüm. Gaýygym adanyň bu gapdalynda bolan bolsady, şowuna düşäýjek ekeni; ýöne, ony getirmegiň hiçhili ugur-ýoluny tapyp bilmedim. Adanyň gündogar kenaryna indi düşüş bolamsoň, dagy-duwara şol tarapdan ýüzüp geçmek hyýalym ýokdy. Ol barada sähelçe diňirgendigim, inim jümşüldäp, ganym gaçyberýärdi. Adanyň günbatar tarapy barada aýtsam, o taýynyň nä jüre ýerlerdigine men düýbünden näbeletdim. Emma welin, eger akym gündogar tarapdaky ýaly güýçli akýan bolsa, onda ýene-de adadan daşlaşyp, açyk okeana ygyp gitmek howpunyň ýüze çykjagynyň ujy iki däldi. Şeýlelikde, men şol iňkis bilen, gaýyksyz oňňut etmäge kaýyl boldum, ýogsam ony ýasaýançam, ençeme aýlap gijämi gündiz edip, deňze goýbermek üçinem şonçarak hupbat çekipdim.

Şunlukda men, çaklaýşyňyz ýaly, ýene bir ýyl töweregi öz erkimi jylawlap, sessiz-üýnsüz, örän parahat ýaşadym. Oý-pikirlerim ýagdaýyma uýgunlaşypdy. Biribaryň erk-isleglerine tabyn bolmagy özüme çäksiz bagt saýýardym. Adamzat jemgyýetinden başga, ähli babatda juda bagtyýar ýaşaýandygym hakynda oýlanýardym.

Şol döwrüň dowamynda zerurlyklaryň menden talap edýän ähli el senetlerinde kämilleşdim. Ylaýta-da, abzal-gurallarymyň çäklijedigine seretseň, onda, meniň, çemi gelende, ökde agaç ussasy bolaýmagym hem ahmaldy.

Ondan başga-da, men garaşylmadyk ýerden, elinden dür dökülýän küýzegäre öwrüldim gidiberdim. Men gap-gaç ýasalýan tegelek çarhy ulanmagy hem gowy öwrendim, asyl, onda işlemek ýeňil hem-de gaýym ekeni. Ozalky tüňňi-süňňi gap-gaçlaryma garanyňda, indi ýasaýanlarym göräýmäne tegelek, gelşiklije bolup durdy. Şybyk ýasamagyň hötdesinden gelen wagtym, göwnüme bolmasa, men öňde-soňda öz bitiren işimden şonuň deýin göwnüm bitip, eden açyşyma şonça şatlanan däldirin. Ýogsam, ol juda betgelşikden oňaýsyzja bolupdy. Men ony şykgyly toýundan tasa getirip, edil beýleki gap-gaçlarym ýaly çym-gyzyl bolýança otda bişiripdim. Emma, şonda-da, bişeýtelje şybygym örän mäkämdi we tüssäni dartyp bilýärdi. Şondan soň has-da janym aram tapyp, geçim daga ýaýrady, sebäp diýseň, men şybyk çekmegi ölemen halaýardym. Dogrymy aýtsam, çägä batyp ýatan gämide başda köp şybyk bardy, emma, adada temmäki ösýändir öýdüp kelläme-de gelmändigi üçin, ilkibaşda olary gämide galdyryp gaýdypdyryn. Soňky sapar gidip agtaranymda bolsa, hiçhili şybyga duş gelmedim.

Men sebet örmäge-de diýseň ezber boldum, üşügim joşdugyça gereg-u-bigerek sebet baryny münderläp çykdym. Olar göze gelüwli bolmasa-da, içine zat salmaga ýa-da öýe odur-budur äkelmäge örän çemeli hem-de ykjamdy. Meselem, aýdaly, geçi awlan wagtym, ony agaçdan asyp, derisini ýüzýärdim we etini şakgalap, sebede salýardym-da, öýe alyp gaýdýardym. Pyşdylam edil şonuň ýalydy; men ony kesip, içindäki ýumurtgalaryny, iýmäge bolarlyk birki bölek etini sebede oklap, galanynam taşlap

gaýdyberýärdim. Şeýle hem, men ullakan çuň sebetlere elim bilen owup, köwzäp, güne serip guradan dänelerimi gapgaryp goýýardym.

Indi meniň därimiň ep-esli azalandygy göz dürtülip ugrapdy; onuň üstüni dolmak bolsa, meniň üçin hiçhili mümkin däldi. Därim gutaransoň näme alaç ederkäm, ýagny, geçileri nädip awlarkam diýen pikir meni otdan alyp, suwa salýardy. Öň gürrüň berşim ýaly, adadaky üçünji ýylymda ýaşajyk bir owlajygy tutup, ekdi edipdim. Men oňa höwür bolar ýaly, erkejik bir owlak tutjak bolubam, pursat peýläp gezipdim, ýöne ol hyýalym başa barmandy. Şeýdibem, owlajygym geçi çykan wagty ony öldürmäge teý ýüregim dözmänsoň, ol janawer ahyrsoňunda garrap, öz ajalyna ölüp gidipdi.

Ýöne, indi adada on bir ýyldan bäri ýaşap ýöremsoň, ýaňyja aýdyşym ýaly, därili çeleklerim taňkyrap, düýbi görnüp başlapdy. Şeýle bolansoň, men geçileri diri tutmagyň hyýalyna münüp, gapanmydyň, duzakmydyň, garaz, bir tilsim tapmagyň alajyny gözlemäge girişdim. Ylaýta-da, owlaklyja geçi tutaýsam, onda tüýs jüpüne düşjekdi. Şol matlabyma ýetmek üçin, men geçileriň aýagyna çolaşar ýaly herhili duzak işip, olaryň geçýän ýodajyklaryna gurup gördüm. Geçiler telim sapar duzaga düşdi, ýöne mende ibaly sim bolmansoň, her gezegem olar ugursyzja tilsimlerimi üzüşdirip, gaçyp gidýärdi. Haçan barsaň, duzagyň-a çöpe-çalama ilişip ýatandyr, üstündäki aldawaç ot-iýmem ýom-ýokdur. Ahyrsoňy, men gürpbassy gazyp görmegi ýüregime düwdüm. Onsoň, men geçileriň otlaýan bellije ýerlerinde birnäçe sany çuň çukur gazyp, olary saldamly şahalar bilen, aşak çökmez ýaly edip basyrdym. Olaryň üstüne wagtal-wagtal arpa sümmülleri bilen gury tüwi sepeleşdirdim. Munuň sebäbi, men geçileri hut şu ýerik öwrendekli etjek bolýardym. Hakykatdan-da, her gezek barlaga gelenimde geçileriň bu ýerde bolup, däneleri iýip gidendigini görýärdim, olaryň aýak yzlary hem mesaňa-mälim bildirip durdy. Şondan soň, men bir gün üç sany gürpbassyny ýukajyk edip basyryp goýdum. Ertesi ir säher bilen baranymda, duzaklar öňki-öňküligine duran ekeni, aldawaç däneleri bolsa iýlipdir. Men muňa örän lapykeç boldum. Men teýahyr bolmajagyny bilip, gürpbassylary başgaçarak gurnadym, ýöne gürrüňi çintgäp, kelläňizi agyrdyp oturmaýyn. Garaz, bir gün irden gelip görsem, al saňa gerek bolsa, göýä bolsady ekilen ýaly, çukurlaryň birinde daýaw bir garry teke tarsyldap çekrese, beýleki bir çukurda biri erkek, ikisi urkaçy, üç sany owlajyk lägirýä.

Garry geçi maňa hezil bererli görünmeýärdi, ol şeýle bir gazaply tabyrdap, dikine zyňýardy welin, men çukura girmekden, has dogrusy, ony diri tutmakdan elli bizar geçdim. Ony kaklaýsam hem bolman durjak däldi, ýöne birinjidenä meniň başdan beýle niýetim ýokdy, ikinjidenem etim-hurşum ýeterlikdi. Onsoň, çukuryň üstündäki şahalary bir ýaňa aýyrdym welin, ýaňky kesir geçi edil ýüregi ýarylan ýaly bolup, towsup çykdy-da, ýazzyny berdi. Ýöne, men ol wagt, soň öwrenişim ýaly, aç saklamak arkaly hatda ýolbarsy hem ekdi edip bolýandygyndan bihabardym. Eger şonda garry geçä üç-dört gün ot-suw bermän çukurda saklap, dördülenji gün diýlende, az-küş dänedir suw görkezen bolsam, onda ol hem owlaklar ýaly, mumly ýüplüge dönjek ekeni. Mahlasy, geçi maly örän düşbi we diýen ediji bolansoň, olaryň peýdasy diýseň kän degýär.

Ýöne, şol pille maldan başym çykmaýandygy üçin, garry geçini boşadyp goýberdim-de, owlaklaryň ýanyna bardym. Olary bir-birden çukurdan çykaryp, bir ýüpe kökerdim-de, itek-çomak bolup öýe alyp gaýtdym.

Owlaklar ürküşip, wagty bilen ota-suwa öwrenişmediler, emma men hajyk-hujuk edip, öňlerine gökje sümmül oklaberdim welin, olar az-kem ýerläp ugrady. Şonda, men däridir seçmäm gutaran mahaly, özümi huruşlyk geçi eti bilen üpjün etmek üçin, megerem, ýeke-täk ýoluň geçileri eldekileşdirip, öýümiň golaýjygynda goýun sürüsi ýaly edip, giden bir süri köpeltmek bolup durýandygyna göz ýetirdim. Şol arada, owlajyklary ýabany geçilerden üzňe saklamalydygy, ýogsam olaryň sähel ers-mers boldugy tokaýa bakan leňk ýasajakdygy kelläme geldi. Munuň öňüni almak üçin ýeke-täk çykalga — içindäkiler boşap gaçmaz, daşyndakylar böwsüp girmez ýaly berk agaç haýat ýa-da janly aýmança bilen gurşalan bir agyl ýasap, owlaklary şoňa gabap goýmakdy.

Agyl gurmak bir jübüt el üçin ýeňil-ýelpaý iş däldi, emma ol örän derwaýysdy. Şeýlelikde, men owlaklar üçin göwnejaý baky ýer tapmaga hyýallanyp, ümürsin otly çemenlik ýer agtarmaga girişdim. O taýda owlaklar suw içmäge iner ýaly güzer hem-de günüň ýandyryjy howrundan penalanar ýaly saýaly agaçlar hem bolmalydy.

Men aýlanyp ýörşüme şonuň ýaly eliň aýasy ýaly tekiz çemenzarlygyň ýa-da günbatar koloniýalarda ýaşaýan iňlisler aýtmyşlaýyn, sawannanyň üstünden bardym. Bir çeti goýry kölegeli jeňňellige direýän çemenzarlygyň iki-üç ýerinden dagyn şildireşip, duruja suwly çeşme-çaýlar akyp ýatyrdy. Men tutuş çemenzarlygyň daşyna pesinden iki mil töweregi agaç ýa-da örme haýat aýlajak bolup, işe girişendigimi aýtsam, onda şol hili agyl aýlamakdan başy çykýan islendik adam meniň bu binowa pähimsizligime ýylgyrsa gerek. Bu ýerde gep gerimiň giňliginde däldi; sebäbi, haýadyň uzynlygy, bar, on mil bolýanda-da, ony gurup gutarmaga ýeterlik wagtym boljakdy. Asyl, men geçileriň munça giň meýdanda, hamala diýersiň, uly bir ada düşen mysaly, ýene-de ýabany bolup ýaşajakdygy hem-de dänim bu giden düzlükde olary kowalap dagyn tutjak bolaýsam, onda olaryň maňa zygam etdirmejekdigi hakynda pikir etmändirin ekenim.

Çaky, şol pikir birden kelläme gelende, haýady ýaňy bir elli ýarda ýetiripdim; onsoň, men işlemegi tapba kesdim-de, häzirlikçe uzynlygy ýüz elli, ini ýüz ýarda barabar çemenlik ýeriň daşyna aýmança çekmegi ýüregime düwdüm. Üç sany geçi üçin şol öleňlik şol wagtlykça besdi, süri ulaldygyça, agyly hem şoňa görä giňeldibermeli boljakdy.

Men ätiýaçly hereket etmegi ýüregime düwenimden soň, batyrgaýlarça işe başladym. Şol başlangyç agylymyň daşyna haýat aýlap dynýançam, üç aý töweregi wagt gerek boldy. Işleýän döwrümde owlaklaryň üçüsinem agylyň iň otluk ýerlerine eltip, öwrenişer ýaly öz golaýrajygyma örkläp goýýardym. Ýygy-ýygydan olara birki bogdak arpa ýa bolmasa bir goşowuç tüwi eltip, öz elim bilen iýdirýärdim. Şeýde-şeýde haýady tamamlap, owlaklary agyla goýberdim welin, olar juda öwrendekli bolansoň, birki gysym dänä tamakin bolup, mäleşip, nirä ýöresem yzymdan ylgap ýören boldular.

Şeýlelikde, «yhlasa-myrat» diýleni, ýene ýyl ýarym gowrak wagtdan meniň eýýäm ululy-kiçili geçiden-owlakdan jemi on iki baş ownuk maldan ybarat bolan kiçiräk sürim bardy. Ýene iki ýyl geçensoň bolsa, sürimdäki geçileriň sany kyrk üçe ýetdi, onda-da, şoňa çenli söwüşläp, gazana atanlarymy hasap etmäniňde. Şol döwrüň dowamynda ýene bäş sany ýanaşyk agyl ýasadym-da olaryň öz arasyna ötüp-geçmäge girelge goýup çykdym. Her bir agylyň içinden bolsa, islän wagtym geçileri gabap tutar ýaly çaklaňja agylçalar guruşdyrdym.

Ýöne bu entek hemmesi däl, sebäbi indi mende diňe bir göwnüm täzeje et küýsän çagy soýar ýaly mal däl-de, eýsem, güžžüldedip sagaýyn diýsem, üňüz ýaly süýtlek geçilerim hem bardy. Dogrymy aýtsam, ilkibaşlarda, ene geçileri sagybermelidigini güman hem etmändirin. Günlerde bir gün, şol pikir kelläme gelen pillesi, ol meniň üçin örän ýakymly sowgat boldy. Şondan soň, men mähetdel etmän süýt hojalygyny gurmaga girişdim we kähalatlarda günde birki gallona ýetirip süýt almaga başladym. Ähli janly-jandaryň azyk-engamyny ýetirip durýan tebigat hatda şol nygmatlardan nähili peýdalanmalydygyny tebigy görnüşde öwredýär ekeni. Şeýlelikde, geçi-hä beýlede dursun, heniz sygyr diýlen janaweriň ýelnini elläp görmedik, mesgedir peýniriň ýasalyşyny diňe oglanjyk mahaly kesesinden gören men zaňňar näçe tulum süýt-gatygy zerzaýa edenimden soň, ahyr bir gün, ynha görseň, hozanaklap, mesge ýaýyp, peýnir ýasap oturan bolaýdym.

Şol arada, men adanyň ýakasyndaky gaýalyklaryň ýüzünde günüň jöwzasyna agaryp ýatan duzdan başga-da duz almagy hem öwrendim we gaýdyp şoňa zar bolmadym. Abyrsyz külpetleriň astynda ýegşerdik diýip hasap eden pillämizde hem, Ýaradanymyz biz bendelerine gör nähili merhemet edýär! Ol iň bir ýowuz täleýi gör nähili süýjedýär we hatda zyndandyr zulmathanalar üçin hem Özüne şükür eder ýaly esas döredýär! Ilkibada açlykdan ölüp gitmekden başga uç görmedik şu ýalazy meýdanymda Ol meniň üçin gör neneňsi sahawatly saçaklary ýazyp goýan ekeni!

## XI BAP

Kiçijik maşgalamy daşyma tegeläp, şamlyk naharynda saçak başynda oturanymy gören islendik adam myssa ýylgyrsa gerek. Törde gabarylyp oturan men — adanyň aly hezretleri şazadasy hem-de hökümdary, dergähimdäki raýatlarymyň barysynyň jany meniň elimde: islesem, dara çekdirerin, islesem ganyny geçerin; erkinlige goýberip ýa-da gul edibem bilýän; bu ýerde edenime däl diýip biljek ýekeje topalaňçy tüpbozana-da duşaýmarsyň. Pah-pah, ähli hyzmatkärlerim aýak üstünde daşymda döwre gurap, meniň misli korol deýin bir özüm dabaraly naharlanaýşymy diýsene! Totuja bolsa, hamana diýersiň, syrdaş mäterim ýaly hekgildäp, meniň bilen hemsöhbet bolmaga ýeke-täk hukukly kişi. Öz neslini dowam etdirmäge höwür tapynman, bireýýäm lagar düşüp, jydalykda öwzaýy üýtgän garry köpegim bolsa, elmydama sag tarapymda garysyny ýassanyp ýatandyr. Hersi stoluň bir gapdalyndan oturan pişijekler bolsa, öz merhemedimiň alamaty hökmünde, haçan birki bölek owkat uzadarkam diýip, elime garap, ýalmanyşýarlar.

Bu pişikler meniň ilkibaşda gämiden halas eden pişiklerim däldi, sebäbi olaryň ikisi hem birwagt ölüpdi we men olary öýümiň gapdalynda ýere duwlapdym. Emma şol pişikleriň biri heniz diri wagty bir gezek mawa gelen pillesi, näbelli bir jandar bilen jübütleşip çagalapdyr. Şol pişijekleriň iki sanysy öýdeçi boldy, galanlary bolsa, çöpe-çöre siňip, ýabanylaşyp gitdiler. Soň şol ýabany pişikler kümürsikleşip, baý bir, başymdan inen melamata dönendirler-ow! Olar zol-zol öýüme darap, azyk-engamlary tüýtmeläp, ogurlap, maňa gün ýamanyny berýärdiler, onsoň men juldan çykyp, halys kanagat käsämiň dolan güni tüpeňimi alagadan, ýaňky alkakmyşlary bir ujundan pürreläp çykdym. Olaryň öleni-ölüp, galany hem dolanyp gara bermedi. Şeýlelikde, men öz hemralarym bilen, bal günüme batyp ýaşap ýördüm, ýekesireýän diýäýmesem, başga kem zadym ýokdy. Ýogsa-da, ýekesireýän diýen bolup otyryn welin, şondan kän wagt geçmänkä, indi adajykda gereginden artyk gaýmalaşyk boljakdygy ýüze çykdy.
Öňem aýdyşym ýaly, indi kellämi etegime salyp, howp-hatara töwekgelçilik etmäge örän göwünsiz-de bolsam, gaýygymda ýüzesim gelip içim byjyklap durdy. Şonuň üçin-de, kämahallar ony adanyň bu ýüzüne getirmegiň tärini gözläp, jöwlan urýardym, käteler bolsa, gaýygy jähennem edip, şonsuz kanagat edip geziberýärdim. Emma welin, soňky deňiz gezelenjimde adanyň ýerleşişini we akymyň nähilidigini görmek üçin üstüne münen baýyrlygyma ýamaşgan gitmek barada ýüregime geň-enaýy bir gozgalaň düşdi. Ol gozgalaň meni günbe-günden gysyp-gowurýardy. Ahyrsoňy, men kenaryň gyrasyny yzarlap, şol baýyrlyga guryýerden baryp gaýtmagy ýüregime düwdüm-de, ýola rowana boldum. Şonda, eger Angliýada kimdir biri mysalasy meniňkä çalym edýän adam bilen pete-pet gelen bolsady, onda ol ýa tisginip, elini-aýagyny ýitirerdi ýa-da hahahaýlap, gülüp keýpden çykardy. Hatda özümem zol-zol aýak çekip, ebtimi-başymy synlaýardym we şu üpül-süpül jindelerimi, sallam-sajak eginbaşlarymy geýip, Ýorkşiriň köçelerinden barýanym göz öňüme geleninde ýylgyrman durup bilmeýärdim. Gowusy, geliň, men size öz eleşan sypatymy suratlandyryp bereýin.
Kellämde günden gorap, ýagyrnymdan ýagşyň suwuny geçirmez ýaly yzky etegi aşaklygyna esli sallanyp duran, geçiniň derisinden bejerilip tikilen, zömmek bişekil telpek bardy. Şunuň ýaly petiş klimatda eşigiňden syrygyp, endamyňa ýelmeşýän ýagyş suwundan zelleli zat ýok bolsa gerek.
Egnimde syýlary uýlugymyň ortagürpüne çenli baryp ýetýän, geçi derisinden tikilen keltejik donum bardy; dyzymdan bolup duran jalbar geýipdim. Garrap sandan galan bir tekäniň hamyndan syrdalan ol jalbaryň çöpürleri dagysy şeýle bir sallam-sajak sülpüldeýärdi welin, olar edil ýöne ýýma geýen ýaly injiklerime ýetip durdy. Köwüşden-jorapdan hiç zadym ýokdy, ýöne, näme diýip atlandyrjagymy-ha bilemok welin, özüme hopul-sopul keltejik ädige ýa-da bolmasa iki tarapyndan bagjyk bilen daňylýan, aşagy tasmaly ýyljajyk gonja çalym edýän bir zat emel edipdim. Hakykatdan-da, onuň daş görnüşi beýleki geýim-gejimlerimiň arasynda iň bir ýabany görnüşlisidi.
Bilime gurap çakyry çykan geçi teletininden ýasalan, toka derek iki sany gaýyş çeki bilen çekdirilen ýasy kemer guşanypdym; kemeriň iki gapdalyna pugta daňylan

asgyçlara bolsa, gama bilen hanjaryň deregine bir byçgyjyk bilen paltajyk iltenilgidi. Gaýyş bagjyk bilen birikdirilgi has insizje başga bir kemeri bolsa egnaşyr geçiripdim; ol kemeriň çep goltugymyň aşagyndan geçýän ýerinde geçiniň çeriminden ýasalan iki sanak haltajyk asylgydy, olaryň birinde däri, beýlekisinde bolsa seçme bardy. Kebzämde sebedim, gerdenimde tüpeňim bardy, depämde bolsa, her näme diýseň-de, tüpeňden soň iň zerur serişdäm — geçi derisinden ýasalyp, uzyn tüýleri dagysy aşak sallanyşyp, sal-sal bolup duran, tagaşyksyz we eleşan äpet saýawanymy göterip barýardym. Meňzim barada aýtsam, ol ekwatordan dokuz-on gradus uzakda ýaşaýan, ýüz-gözüne onçakly goraglamaýan meniň ýaly adamda bolar diýlip çak edilýäniniň tersine, mulatlaryňky ýaly bugdaýreňk öwüsmeýärdi. Sakgalymy bir ýola hiňňildik uçaýmaly edip goýberipdim; emma soňra ýeterlik mukdarda päki bilen gaýçy edinenimden soň, gürzelek sakgalymy gytyjak çyrpyp, gyrçuw etdim, ýöne murtumy welin, Sale şäherinde duş gelen käbir türklerde görşüm ýaly, musulmanlaryň edähedi boýunça timarlap, aşaklygyna goýberdim, beýle murt marokkalylarda däl-de, eýsem diňe türklerde bolýardy. Elbetde, murtumyň uzynlygy şyrdagymy asybermeli boldy-ha diýip biljek däl, ýöne Angliýada onuň egrelip, salparyp durşuna gözi düşen adamyň ziňkildäp, ör-gökden geljegi gürrüňsizdi.

Bu zatlary gepiň gerdişine görä ýöne gürrüň beräýdim, çünki degre-daşymda üsti-başymy synlara üýşüp ýatan adam-gara bolmansoň, egnime näme geýenimde-de göwnüm bir ýalydy. Şonuň üçinem, bu gürrüňe indi gaýdyp gelmerin. Men, ine, şu hili sulbalarym bilen täze gezelenje çykypdym we indi bäş-alty günden bäri ýol üstündedim. Men deňziň kenary bilen ýöräp, ilki bilen, daş-töweregi synlar ýaly baýra dyrmaşmak üçin gaýygymy labyrda goýan ýerime bardym. Şindi, bärde ünji edip oturar ýaly gaýygym bolmansoň, şonda aňyrlygyna guryýeriň içi bilen gönüledim-de, şol öňki baýryň depesine dyrmaşyp çykdym. Şol ýerde durup, ozal gaýygym bilen daşyndan aýlanyp geçmeli bolan gaýalyk dilkawyma esewan eden wagtym, deňziň eliň aýasy dek tekiz, imi-sala durandygyna gözüm düşüp aňk-taňk boldum. Suwuň ýüzünde ne akym bardy ne-de bir hereket, hatda zire-zire tolkunjyklar hem göze ilmeýärdi; beýleki ýerler hem edil şonuň ýalydy. Men bu täsin ahwalata akyl ýetirip bilmedim we oňa daşgyndyr gaýtgynyň ugurlary dagysy täsir edýärmikän diýip, düşünjek bolup, birsalym deňzi synlap durmagy ýüregime düwdüm. Men uzak eglenmän nämäniň-nämedigine göz ýetirdim, ýagny günbatar tarapdan gelýän gaýtgyn bilen şu golaý-goltumda okeana gelip guýulýan haýsydyr bir uly derýanyň döredýän akymy utgaşaga-da, hökmany suratda häzirki akymy emele getirýän bolmalydy. Şemalyň günbatar ýa-da demirgazyk tarapdan has güýçli öwsüşine baglylykda, ol akym bir görseň-ä kenara ýakynlaşýardy, bir görseňem ondan daşlaşýardy. Gün ýaşyp, agşam düşýänçä men oýana-buýana gezmeläp, daşgyn gutarýança güýmendim-de, ýaňadan depä çykdym. Oňa deňiç gaýtgyn başlandygy sebäpli, men araky akymy şol öňki bolşy ýaly äşgär gördüm, ýöne ol bu wagt kenaryň ýarym mil çemesi uzagyndan geçýärdi. Asyl, görüp otursam, bu akym araky galagoplukda adanyň edil alkymyndan geçýändigi sebäpli, meni gaýygym-ýenäm bilen bilelikde akdyryp, ummadan çykaran borly. Başgarak wagt bolanlygynda, edil beýle boljagam däl ekeni.

Men täze açyşym arkaly, diňe daşgyn bilen gaýtgynyň başlaýan wagtyna gözegçilik etmek bilen, indi öz gaýygymy adanyň bu tarapyna emgenmän getirip biljekdigime göz ýetirdim. Şeýle-de bolsa, bu meýlimi iş ýüzüne geçirmegi ýaňy bir kellämde öwrüp ugran pilläm, birdenkä ozal başyma düşen howp hakydama geldi welin, edil ýylan gysymlan ýaly bolup, on iki agzamyň bary birden gowşady. Şondan soň bu meseläni öwrüp-çöwürmäge ýüregim takat edip bilmedi. Emma, munuň tersine, has kösençli, ýöne has howpsuz başga bir ýol saýlap aldym. Meniň täze tapan çykalgam — ýene-de bir gaýyk ýa-da taýmyl ýasanyp, adanyň her tarapynda bir sany gaýyk saklamak bolup durýardy.

Eýýäm bilşiňiz ýaly, meniň adada iki sany mülk ýerim bardy. Olaryň biri, gaýanyň aşagynda ýerleşýän, yz tarapy gowakly, daşyna haýat aýlanan çaklaňja berkitmämdi. Men bu wagta çenli ony düýplügine bakan biri-birine sepleşýän birnäçe otag, has dogrusy, gowak görnüşinde gazyp giňeldipdim. Şol otaglaryň birinde, ýagny, arka tarapynda, haýatyň gaýa bilen birleşýän ýerinden, berkitmäniň daş ýüzüne ötelgesi bar bolan iň giňiş we gury otagda öň gürrüň beren ullakan toýun gaplarymdan we her birine bäş-alty buşel däne sygýan on dört-on bäş sany çuň sebetden ýaňa aýak basmaga ýer ýokdy. Men olarda azyk-engamlary, ylaýta-da, samany bilen orlup goýlan sümmülleri we el bilen owlup, köwzelen arpadyr-şalyny saklaýardym.

Birwagtlar diwaryň daş ýüzüne iki hatar edip, ýere kakyp çykan ýaşajyk pürslerim düýp tutup, bu çaka çenli şeýle bir ösüp, şaha ýaýradypdy welin, asyl, olaryň arkasynda giden bir howly bardygyny, adam ýaşaýandygyny keseden seredip aňyp boljak gümanasy ýokdy.

Şol mesgenimiň golaýjygynda, ýöne adanyň biraz jümmüşinde ýerleşýän düzlük ýerde wagtly-wagtyna topragyny işläp-bejerip, däne sepýän iki sany atyzym bardy. Olar orak möwsüminde boldumly hasyl berýärdi. Bardy-geldi has köp däne zerurlygy ýüze çykaýanda ulanar ýaly, şol atyzlaryňkyça mes toprakly ýanaşyk ýerler hem bardy.

Meniň ikinji mülküm — jülgedäki telärli howlymdy, o taýda-da bolşuna görä ekinçiligim bardy. Ilkibaşda bu ýerde kiçijek telär gurunypdym, onuň bar zadyny jaýba-jaý saklaýardym, has dogrusy, onuň daşyny gallap oturan janly aýmançanyň çybyjaklaryny belli boýdan geçirmän çyrpyp durýardym, merdiwanjygy bolsa, hemişe howlynyň iç ýüzüne söýäp goýýardym. Aýmançanyň başda inçejik bolan bolsa-da, indi juda ösüp, syrdam şaha ýaýradan agaçlaryny mydama pudarlap saklaýardym, olar bolsa has-da eriş-argaç bolup, durdugyça gürelip, tüýs meniň isleýşim ýaly has jana ýakymly kölege salýardy. Aýmançanyň ortarasynda bolsa, ýere kakylan mäkäm gazyklar bilen göwnejaý gurnalan ýelken çadyrym bardy, ony henize deňiç abatlamak ýa-da täzelemek gerek bolmady. Çadyryň içinde awlan haýwanlarymyň derilerinden we başga her tüýsli mymyjak zatlardan ýasalan seki bardy, onuň üstüne gämiden galan deňizçi ýorgan-düşekleriniň arasyndan tapan körpeçämi atypdym. Ýorgana derek bolsa, uzyn deňizçi şinelimi ulanýardym. Men uly öýümde içim gysan çagy, ynha, şu telärli howlyma ýatymlaýyn gezelenje gaýdyberýärdim.

Bu mülkhanamyň ýanaşygynda mal-garalarym, ýagny geçilerim üçin salan agyllarym bardy. Olaryň daşyna germew aýlap çykmak üçin bijaý köp zähmet çekmeli bolupdym. Geçiler aýmançany böwsüp gaçaýmasyn diýen gorky bilen, men şeýle bir ünjä galýardym welin, edil iňňäň üstünde oturan ýaly, dynuwsyz renç edip, tä tutuş aýmançanyň daş ýüzüne goltuk-goltuk suwluja gazyklary sünjüp çykýançam ýüregim ynjalyk tapmady. Men olary biri-birine şeýle bir ýakyn edip dürtüşdirdim welin, olaryň arasynda eliňi sokar ýaly hem boş ýer galmandy. Nobatdaky ýagyşly möwsümde ol gökje gazyklaryň hemmesi kök salyp, şeýle bir pyntyklap, ýapraklap ösdi welin, asyl ýöne, agylyň aýmançasy häzir iň bir mizemez diwara-da gaýra dur diýdirip biljekdi.
Şu gürrüň beren zatlarym meniň bikär ýatmandygymy, elpe-şelpe ýaşamagym üçin derwaýys bolup görünýän islendik işi ýerine ýetirmek üçin janymy aýaman, zähmet çekendigimi görkezmäge ýeterlikdir. Sebäbi, men şu adada ýaşadygym saýy, hamala, ol ýene kyrk ýyl dowam etjek ýaly, el astymda ownuk başly mal saklap, gözli çeşme kimin täze et-süýt diýermiň, mesgedir peýnir diýermiň, iýjegimiň-içjegimiň aladasyny edýärdim. Hut şonuň üçin-de, ol janawerleri el aýtymynda saklamagyň ýeke-täk usuly — olaryň oňa-muňa tazygyp gitmeginiň öňüni alýan aýmançany biçak jebis edip gurnamak bolup durýardy. Men bu usuly diýseň jaýdar ulanypdyryn, çünki hälki düýp tutup, ösüp başlan gazyjaklary şeýle bir ýygjam ekipdirin ekim welin, olaryň käbirini sogrup çykmaga mejbur boldum.
Telärli howlymyň beýle ýanynda giden üzüm baglary ösüp otyrdy. Aşhanamyň iň bir naýbaşy we iň hoştap iýmiti bolan gyşlyk kişmişimi taýýarlamak üçin hemişe şol baglardaky üzüm hoşalaryny usullyk bilen ýygyp, güne serip guradýardym. Hakykatdan-da, kişmiş diňe bir süýji däl-de, eýsem, jana tenekär, şypaly, ýokumly hem-de biçak mazaly iýmitdi.
Bu ýer meniň esasy öýüm bilen gaýygymy goýup gaýdan buhtajygymyň orta gürpünde ýerleşýärdi, şonuň üçin-de, ýygy-ýygydan gaýygymy görmäge gidenimde, ýolugra şu telärli howlymda gije düşläp geçýärdim. Gaýygyma dahylly ähli närseleri jaýba-jaý tertipläp saklaýardym, idegini ýetirýärdim. Käýarymlar göwün hoşlamak maksady bilen gaýyga münüp gezelenje çykaýmam bardy, ýöne sähelçe bir akymdan, şemaldan ýa bolmasa başga bir ahmalçylykdan ätiýaç edip, hamana diýersiň, akyp umma gidiberjek ýaly, gorkudan ýaňa ýüregim agzyma gelýärdi. Şonuň üçinem, howply ýüzüşlere çykmakdan elli bizar geçen, kenardan birki daş zyňymlyk aralykdan kän uzaklaşmaýardym.
Şol günlerde men indi öz ömrümiň täze bir sahnasynyň açylýandygyna şaýat boldum. Gün günorta çagy, bir gün deňziň gyrasy bilen gaýygyma bakan mytdyldan bolup barýarkam, birdenkä çägäniň ýüzünde ýalaňaç adam aýagynyň mese-mälim bildirip duran yzyna gözüm düşüp, allaniçigsi boldum. Men edil ýyldyrym uran ýa-da arwah-jyn gören ýaly duranja ýerimde doňup galdym. Men diňşirgenip, daş-töweregime äňetdim, ýöne ne-hä bir ses eşitdim, ne-de bir gyrmyldy gözüme ildi. Men dumly-duşy birlaý synlamak üçin, ýüwrüp, bu ýandaky depejige çykdym; soňra ýene aşak düşüp, kenarda bir eýläk-bir beýläk gezmeledim, haýran galaýmaly — hiç ýerde yns-jyns ýokdy. Şol ýekeje yzdan başga aýak yzy görünmeýärdi. Men gözüme görnüp

dagyn edäýýärmikä diýip, ýaňadan şol aýak yzyň ýanyna baryp çiňerildim. Allajanlarym, munuň beýle bolaýşyny, bu hakyt aýak bilen galdyrylan yz ahyryn — ine, barmaklary, ökjesi, tutuş dabany. Beh, bu ýere nädip aýak yzy düşüp ýörkä? — ol, asyl, ýedi uklamda düýşüme girjek zat däldi. Men kellämde pelesaň urýan set müň sany oý-pikirden ýaňa halys näme edip, näme goýanymy bilmän, bir gez howada ýöreýän ýaly bolup, berkitmeli öýüme bakan yza dolandym. Ýolda gelýärkäm, ylla, tazy gören towşan ýaly, çem gelen gyrymsy agajy, daragty, ýa bolmasa, uzagrakda somalyp duran töňňäni adamdyr öýdüp, her iküç ädimden bir arkama garanjaklap, ýaltak-ýultak edýärdim. Tüweleý turýan hyýalymda her tüýsli waswasalaryň neneňsi üýtgeşik sypatlarda janlanýandygyny, her bir pursatda gözümiň öňünde nähili elhenç pikirleriň ör-boýuna galýandygyny we kelläme nä tüýsli geň-enaýy, düşnüksiz hokgalaryň gelýändigini söz bilen düşündirmek mümkin däl.
Men galajygyma ýeten badyma (ýalňyşmaýan bolsam, men şol günden başlap, öz öýümi şeýle atlandyryp ugradym), ýeňsämden ýagy gelýän ýaly içerik kürsäp urdum. Hemişeki endigime görä merdiwana dyrmaşyp geçdimmi, ýa gaýanyň böwründäki gapy diýip atlandyrýan sümelgämden ötdümmi, garaz, ýadyma düşenokdy. Ol ertesi gün irdenem ýadyma düşmedi, sebäbi meniň alabasga düşüp, öz tünegime zybyrdap girişim ýaly, öňde-soňda ne-hä towşan öz hinine okdurylandyr, ne-de tilki öz sürenine şeýdip kürsäp urandyr.
Men tä daň atyp, jahan ýagtylýança çirim hem etmän, uzynly gijäni uklaman geçirdim; ýüregime dowul salan wakadan daşlaşdygymça, şonça-da peşeden pil döräp, gorkularym ulalýardy. Bu ýagdaý munuň ýaly ahwalatlaryň tebigatyna, ylaýta-da islendik bir zatdan gorkan ähli janly-jandarlaryň özüni alyp barşyna düýbünden tersdi. Aýak yzynyň eýesi baradaky eýmenç pikirler meni şeýle bir hopukdyrýardy welin, şol kenardan allaowarrada, ygtybarly ýerde oturan-da bolsam, aňymda biri-birinden edrenç mysalalar at salýardy. Birden-birden «ol melgun bolaýmasyn» diýip göwnüme gelýärdi, paýhasym hem şu çaklama bilen ylalaşýardy: adam sypatyna giren melgundan başga kim bu jelegaýa gelip biler? Gelenler, adam bolsa, hany olary getiren gämi nirä gürüm-jürüm boldy? Näme üçin başga aýak yzynyň alamatlary ýokka? Bu ýere adamlaryň gelmegi mümkinmikä beri? Ýöne, başga bir tarapdan seredeniňde welin, bar, şeýtan adam sypatyna girendir diýeniňde-de, meniň görjegim-görmejegim gümana bir ýerde, onuň beýdip aýak yz galdyran bolup ýörmegem-ä birhili gülkünç görünýär. Dogrudanam, eger melgun ikibaşdan meni gorkuzmagyň hyýalyna münen bolsady, onda ol şu çaka deňiç täk aýak yz galdyryp ýörmän, müň dürli al salyp, gözümi-başymy aýlamazmydy? Ýedi derýanyň suwuny içen myrryh bu adanyň beýleki tarapynda, meniň görenimden görmezim on müň esse ýakyn ýerde, onda-da sähel ýel oýnasa, deňziň ilkinji tolkunynda ýuwlup gitjek çägäniň ýüzünde aýak yzyny galdyrar ýaly ýeňilkelle däldir-ä. Bu wakanyň öz içinde bir gapma-garşylyg-a bardy, ol, asyl, şeýtanyň mekirligi barada göz öňüne getirýän adaty pikirlerimize-de bap gelmeýärdi.
Başga-da şu zeýilli tutaryklar köpeliberensoň, meniň şeýtan baradaky şübhelerim el bilen syýrylan ýaly dagap gitdi — ol aýak yzy, ähtimal, şeýtandan has howply bir äteňede degişli bolmalydy. Megerem, adanyň gabat-garşysyndaky gury ýer böleginde

ýaşaýan wagşy adamlaryň bir kowçumy gaýyklary bilen deňze çykandyr-da, soňam akymyň ýa-da garşydaş şemalyň ýelginine azaşyp, şu ada gelip düşendir. Onsoň olar kenarda birmeýdan timisgenendir-de, belkem, meniň olara sataşmakdan gorkuşymdan bäş esse beter bu çolaja adada galmakdan elheder alyp, ýaňadan ýüzüp owarrasyna gidendirler.
Şu hili pikirleri aňymda aýlap oturşyma, ol bedähetler gelen pillesi şol golaý-goltumda bolmandygyma, olaryň meniň gaýygymy görmändigine öz içimden, baý, begenmek-begendimä. Şeýle bolanlygynda ol päliýamanlar bu ýerde adam-garanyň ýaşaýandygyny bilip, gözlegime çykmakdanam gaýtmazdy. Şol wagt, «birdenkä olar gaýygymyň üstünden baryp, bu ýerde adam ýaşaýandygyny bilen bolaýmasynlar» diýip, beterinden-beter pikirler hyýalyma hüjüm etdi. Eý toba, eger şeýle bolaýsa, onda adamhorlar ýamaşgan sürreklenişip gelerler-de, meni iýerler; eger saý-sebäp bilen, gizlenip sypmagy başaraýanymda-da, barybir olar ysyrganyşyp meniň agylymy taparlar, ähli ekin-dikinimi torç edip, eldekije geçilerimi lägirdip, sürüp äkiderler. Onsoň, aýaklaryňy uzyn salyp, açlygyňdan syrylja-da, ajalyňa garaşyber.
Şunlukda, gorkym ähli dini umydymy hem-de Biribaryň keremli ýalkawyndan dörän ajaýyp duýgularyma esaslanýan ozalky ylahy bil baglamaklygymy puja çykardy; ylla diýersiň, şu çaka çenli, Öz gudraty bilen meni näz-nygmatlaryň içinde bol-elin ýaýnadyp ýaşadan ylahy erada indi maňa medet bermekden ýüz öwräýen ýaly göwnüme gelýärdi. Men ýaltaçylyk edip, hamana, nobatdaky hasyly ýygnamaga päsgel berip biljek islendik bir waka ýüze çykmajak ýaly, diňe indiki hasyl möwsümine çenli ýeterlik arpadyr-şaly ekendigim sebäpli öz-özümi ýepbekledim. Bu ýagdaýy özüme sapak edinip, indiki ekişde iküç ýyl iýmäge bolarlyk dänäni öňünden ekip goýmagy pugta ýüregime düwdüm. Onsoň, nähili betbagtlyk bolaýanda-da, men açlykdan ölüp gitjek däldim.
Adamyň ömri Allatagalanyň nähili geň-töwra jilwesi diýsene! Agyp-dönýän hadysalaryň gujagynda adamzat oglunyň duýgulary, gör, nähili pynhan çeşmelerden şaglap gaýdýar! Şu gün söýýänimizi erte ýigrenýäris; şu gün yşgyna düşüp, ugrunda sersepil bolýan närsämizden erte gaçyp sypsak kaýyl bolýarys; şu günki süýji arzuwymyzdan gorkujygymyza, erteki gün zährämiz ýarylara gelip, syçanyň hini müň tylla dönýär! Ine, bu sapar men şol gylyk-häsiýetiň suratlandyryp bolaýjak iň janly nusgasyna öwrüldim, çünki, mundan ozal, meniň esasy gaýgy-gussam adamzat jemgyýetinden üzňe, ýeke öýliniň horazy dek, çar tarapym aňrysyna-bärsine göz ýetmez okean bilen gabalyp, janly-jemendä nazarym düşmän, imi-sala durmuşda bendi bolup ýaşamakdy. Çaky, Allatagala meni aýatdaky gullarynyň arasynda il sanyna goşulyp ýaşamaga, beýleki janly-jandarlarynyň arasynda gezip ýörmäge muwapyk görmedik borludy. Şol sebäpli hem, men ýekeje adam ogluna ýüzüm düşse, onda ol meniň ölümden dirilige beýgelişim, hatda Allanyň çäksiz rehim-şepagaty bilen halas bolşuma bäs gelýän, biçak ajaýyp ýalkanyşym bolar öýdüp, arzuwlar kölünde gulaçlap ýüzýärdim. A, indi bolsa, adama duş gelerin öýdüp, saňňyldap, janym bokurdagyma gelýärdi, şu ada gadam basan adamyň sähelçe kölegesine ýa-da ümsüm suduryna gözüm düşdügi ýedi gat ýeriň teýine girmäge taýýardym.

Adam durmuşynyň birsyhly üýtgäp durýan gylygy şeýle bolguç bolýar; ilkinji aljyraňňylykdan az-kem aýňalanymdan soň, bu ýagdaý meni örän köp sanly bilesigeliji sowallara gönükdirdi. Men Beýik Allatagalanyň bimöçber hikmetli we merhemetli takdyrynyň maňa mynasyp gören ýaşaýyş keşbiniň şu hilidigi, tutuş şu bolup geçýän işlerde Ylahy hikmetiň haýsy netijelere syrygýandygyny öňünden bilmegimiň mümkin däldigi barada oýlandym. Diýmek, men Allanyň eradasyna garşy ýer depip durmaly däldim, meni owwalbaşdan özi ýaradandygy üçin Onuň öz hikmetine görä maňa doly höküm we ygtyýar etmäge şübhesiz haky bardy. Mülkünde baş-başdaklyk edendigim sebäpli, Biribaryň meni öz hikmetine görä islendik bir güzaba sezewar etmegi hakdy. Men bolsam, Allanyň huzyrynda eden etmişlerim zerarly, Onuň gazabyna kaýyl bolmalydym. Soňra, men Allatagalanyň diňe bir adalatly däl-de, eýsem barça zada hökmi ýöreýän Kadyrdygy barada, maňa temmi berip uwlundyryşy ýaly, eger, islese, ýalkap hem biljekdigi hakynda pikirlendim. Eger Perwerdigär meni ýalkanmaga mynasyp görmese, onda meniň gyşarnyksyz borjum Onuň eradasyna bütin durkum bilen tabyn bolmak bolup durýardy. Beýleki bir tarapdan bolsa, Ondan umydymy üzmän, Oňa ybadat etmegim hem-de Onuň gündelik buýruklaryny we emirlerini göwün rahatlygy bilen ýerine ýetirmegim hem meniň üçin parzdy.

Şol günden soň şunuň dek oý-pikirlerim sagatlarça, günlerçe hatda hepdelerçe we aýlarça dowam etdi; ýeri gelende, bu ahwalat hakyndaky ýorgutlarymyň ýüze çykaran bir üýtgeşik netijesini aýdyp bereýin. Günlerde bir gün, daňdanyň ümüş-tamşynda ýorgandan kellämi çykaryp ýatyşyma, wagşylar gara beräýse başymdan injek howp dogrusynda oýlanyp, bar keýpime sogan dograldy. Şol barmana, ylahy kitapdaky «Dertli günüňde Maňa sygyn, Men seni halas ederin, sen bolsaň Maňa alkyş okap, şükür edersiň» diýen aýat güpbe ýadyma düşdi. Men muňa gül-gül açylyp, ýorganymdan sogrulyp çykdym, meniň diňe bir ýüregim ýerine gelmän, eýsem özümi halas etmegi üçin tüýs ýüregimden yhlas bilen Allatagala ýalbaryp munajat etmäge-de ragbat tapdym. Men dileglerimi soňlap, keramatly kitaby elime aldym-da, ony açan ýerimde ilkinji duş gelen aýaty okadym: «Allatagalanyň gullugynda gaýym bol, ýagşy umytdan el üzme, Men seniň köňlüňe gurbat bererin. Allanyň dergähinden zynhar daşlaşma». Şol sözleriň göwnümi nähili galkyndyrandygyny düşündirmek mümkin däl. Men şükür duýgusyndan püre-pürlenip, kitaby bir ýaňa goýdum. Süňňüm ýeňläpdi, indi aýak yzly wakany ünji etmeýärdim.

Şol pikirleriň, gorkularyň we ünji-aladalaryň alas-gopaslygynda birdenkä «bu zatlaryň ählisi öz hyýalbentligimden bolaýmasyn» diýen pikir kelläme geldi. «Belki, ol aýak yzy meniň özümiňkidir, soňky gezek gaýykdan düşüp kenara çykanymda galandyr» diýip, içimi gepletdim. Meniň ýüregime ýeňillik aralaşdy we gözüme salgym görnendigine, onuň öz aýak yzymdan başga hiç zat bolup bilmejekdigine ynanyp ugradym. Şu sapar gaýygy görmäne baranymda ýörän ugrum boýunça, belkem, öňki gezek öýe gaýdyşyn geçen bolsam näbilýäň? Hakykatdan-da, gaýygyň ýanyna baranymda nirä aýak basyp, nirä basmandygymy çürt-kesik aýdyp biljek däldim. Öňi-soňy şol aýak yzy-ha özümiňkidir. Diýmek, men misli al-arwahlary

görendigi barada hekaýat toslap, soňundanam ilden beter özi gorkup ýören ýelýürekler ýaly jögüsirän bolmaly.

Şondan soň, meniň az-kem damarlarym suwlanyp, ogrynça daşaryk esewan etmäge başladym, sebäbi üç gije-gündizläp galajykdan kellämi çykarmaga het edip bilmändim. Açlykdan ýaňa halys gözüm gögerip, eňkim agypdy; öýümde iküç sany arpa çöregi bilen suwdan başga suwytly azyk-engam ýokdy. Her gün agşamky endigime görä geçileri sagmalydygym hem bilip durdum, süýtleri dyňzap duran ol janawerler sagymdan mahrum bolup, juda kösenendirler. Dogrudan-da, olaryň käbiri eýýäm sagymdan galyp, süýdi çekiliberen ekeni. Şol sebäpli, dogrusy, öz kölegämden tisginip duran hem bolsam, aýak yzynyň diňe meniňki bolup biljekdigine pugta ynanyp, az-kem ekezlendim-de, howlymdan girip-çykmaga başladym. Sürini sagmak üçin telärli howlyma ugradym. Ýöne, gorkujygyma pişik basyşyny edip, şeýle bir hüşgärlik bilen zol-zol yzyma garanjaklaýardym welin, islendik pursatda sebedi-ýenäni başymdan aýlap, zut ökjäni götermäge taýýar bolup barýardym. Bu bolşumy kesesinden synlan adam hökman meni ýa-ha bir pyssy-pujurlyk edendirin, ýa-da, dek ýaňyja albassy tokay jynlaryna sataşandyryn öýderdi. Aslynda, munuň özi hakykatdy. Her niçik-de bolsa, men birnäçe gün şeýdip gatnanymdan soň, üýtgeşik bir zada gözüm kaklyşman, birneme arkaýynlaşdym we bu geň ahwalatyň öz ham-hyýalymdygyna has-da ynanmaga başladym. Eger deňziň ýakasyna ýaňadan gidip, aýak yzyny öz aýagyma deňäp, olaryň ediljek jüp düşýändigini hut öz gözüm bilen göräýsem dagyn, onda göwnümdäki iňkis duman dagan ýaly boljakdy. Emma welin, şol ýere baran mahalym men gaýykdan düşüp gaýdanymda aýak yzynyň duran ýerinden hiçhili ýöremändigime äşgär göz ýetirdim. Üstesine-de, öz aýagymy aýak yzy bilen deňeşdirenimde, aýagymyň ondan ep-esli kiçidigini gördüm. Bu iki ýagdaý meniň kellämi täze howsalalardan doldurdy we biçak sussumy basylyp, hezilim gaçdy. Men endamymy şagga der basyp, edil ysytma tutan ýaly galpyldap ugradym. Öýe tarap germeçläp ýola düşenimde, adajygyma birtopar, iň bolmanda, bir sany adamyň gelip düşendigine eýýäm ynanýardym. Gepiň kelte ýeri, men piliň gulagynda uklap ýörüpdirin — asyl, adada menden başga-da adam-gara ýaşaýan bolsa nätjek. Indi ahmal bolup, gapyl basylmajak bolmalydy, ýöne goranmak üçin, näme edip, näme goýjagyňy welin biler dagy eder ýaly däldi.

Päheý-de welin, adam görgüli ýüregine howsala düşende, gör, nähili gülkünç netijelere geler ekeni! Howsala ony pähim-paýhasyň halas bolmak üçin salgy berýän ugur-ýollaryny ulanmakdan mahrum edýär ekeni. Ine aýdyşym ýaly, meniň kelläme ilki gelen hyýal – ýabany adamlar agyllarymyň üstünden baryp, sürä darap, bu ýerik ýol ýasaýmasyn diýen ätiýaç bilen, agyllarymy ýykan-ýumran edägede, ähli öýdeçi geçilerimi jeňňeliň içine kowup goýbermek boldy. Ondan başga-da, arpadyr şalydan agyzlary tagam tapan ýalmawuzlar zol-zol gatnap durmasynlar diýip, ekin ekýän atyzlarymy köwüşdirip, bozup çykmakçy hem boldum. Bu taýda öý-öwzar bardygyny görüp, öz mekgäme münerler diýen howatyr bilen, tokaýdaky telärli howlymy içindäki çadyry-zady bilen bilelikde ýerinde ýumurtga togalaýmaly etmäge-de hyýallandym.

Şu oý-pikirler, aslynda, kenardan öýe dolanyp gelen ilkinji gijämde hem kellämde bardy; şol sapar aňymy agdar-düňder eden howsalaly gorkularym entek täzedi we meni müň dürli hyýala salýardy. Şeýlelikde, bir howpa duçar bolmakdan gorkmak — göze dürtülip duran howpdan gorkanyňdan on müň esse beter bolup, haýsydyr bir näbelli howpdan howatyr etmegiň salýan agramy — şol howatyry döredýän howpuň öz agramyndan has çökder bolar ekeni. Iň ýaman ýeri hem, ylahy dergähden umydygär bolup, özümi Allatagala tabşyrmak indi ýüregime teselli bermeýärdi. Men özümi diňe bir palestinalylaryň azar ýamanyny bermeginden däl-de, eýsem Allanyň özünden ýüz öwrendiginden zeýrenip nalaýan Saul patyşa ýaly duýýardym. Çünki, bu gezek men öňler edişim ýaly meni penalap, halas etmegi üçin Allany çagyrmandym, Onuň beýikligine sygynyp, kalbyma ynjalyk berjek täre ýüz urmandym; ýöne, eger şeýden bolsadym, iň bolmanda şu täze, howply açyşyma mertlerçe döz gelip, belkem, has aýgytlylyk bilen ondan başyp alyp çykardym.
Men pikir ummanyna gark bolup otursyma, uzakly gijäni şöwür çekip geçirdim, ýöne daň atmazynyň öňüsyrasy uklap galypdyryn. Halys akylym çaşyp, melullyk basmarlanyndanmy nämemi, garaz, sarsman ýatypdyryn. Men ukudan oýanan wagtym öňkülerimden has şähdaçykdym. Indi men alňasaman, parahat pikirlenip ugradym we öz göwnüme geňeşdim-de, materigiň alkymynda ýerleşip, bahar ysy bark urýan, dürli-dürli ir-iýmiş bitip, çeşme-çaýlar şarlaşyp ýatan bu uçursyz owadan adanyň meniň göz öňüne getirişim ýaly bütinleý adam-garasyz bolup bilmejegi barada netijä geldim. Hakykatdan-da, bu ýerde oturymly ýaşaýjy ýogam bolsa, materik tarapdan her tüýsli gaýyklaryň kä ýörite bir etsem-petsem bilen, käte tersden öwüsýän ýeliň ykgynyna düşüp, belkem, zoraýakdan şu adajyga gelip ýanaşýan bolmagy ähtimaldy. Indi adada on bäş ýyldan bäri ýaşap ýören-de bolsam, hiç-hili janly-jemende gözüme kaklyşmandy. Şondan çen urup görseň-ä, megerem, şol döwrüň içinde, setanda-seýranda, äwüp-säwüp bu taýyk adam-garanyň aýagy düşen bolsa, onda olar bu adada öý-öwzar gurup, jaýlaşmaga mümkinçilik ýokdugyny aňlap, gelen yzlaryny ýel çalmanka, göterilmek bilen bolandyr. Çaky, materikde ýaşaýan ýabanylar kämahallar ygyp-sagyp, gaý-tupana sataşyp, nalaç şu ada gelip düşýän bolmaly, soňundanam gülberini göterip, ýeňsäni el ýaly edýändirler. Olaryň käýarym gaýtgyn başlaýança ýa-da gündiz gün agarýança garaşmak üçin, aňry gitse bir gije, ýarym gije düşleýän bolmaklary ahmal. Ana, şol pille gelmişek ýabany adamlaryň üstünden bardygyň Hudaý tutdugy boljakdy. Indi, men ol peläketleriň gury ýere gelip düşen wagty gaçyp gizlener ýaly gizlin gaçybatalga tapmagyň aladasyny etsem bolanydy.
Şondan soň, men gowagy çendenaşa köwüp, berkitmäniň gaýa sepleşýän ýeriniň daş ýüzünden gapy açanyma bijaý ökünip başladym. Men mazaly ölçerip-dökdüm-de, başda gürrüň berşim ýaly, on iki ýyl töweregi mundan ozal diwaryň daş ýüzüne iki hatar agaç eken ýerimden ýarym aýlaw görnüşinde ikinji bir berkitme diwaryny salmagy ýüregime düwdüm. Agaç nahallaryny juda gür oturdan ekenim. Men olaryň böwşeňräk ýerlerine sütün kakyşdyryp çykdym welin, ine görsem, ol has ýygjam we berk haýada öwrüldi duruberdi. Ana, şeýdibem ikinji diwary kän bir emgenmän taýýarlap dyndym. Şeýlelikde indi öýümiň daşyny iki sany diwar goraýardy, daşarky

diwary bölek pürsler, köne-sana urganlar we çemeliräk gören islendik akyr-ukurym bilen jebis berkitdim we giňligini gol sygaýar ýaly edip, ýedi sany kiçijek gözara goýdum. Diwaryň içeri tarapky düýbüne gowakdan gum baryny çekip, on futa çenli beýgeltdim-de, üstünden ýöräp, basgylap ykjam demrikdirdim. Şol iki arada gämiden alyp gaýdan ýedi sany muşketim ýadyma düşüp, olary gözaralara ýerleşdirip çykmagyň hyýalyna mündüm. Men muşketleriň her birini lafete çalym edip duran aýratyn paýandalara berkidişdirip, misli, top düzen ýaly hatarlap goýdum. Indi, meniň iki minutyň içinde yzly-yzyna ýedi sany muşketden ot sowrup biljek atyşhanam bardy. Şu ikinji diwar doly taýyn bolýança, tutuş bir aýlap ölerimi-galarymy bilmän zähmet çekdim. Şoňa deňiç özümi birsyhly howp astynda duýýardym.

Diwarly meseläni birýaňalyk edenimden soň, onuň daş ýüzündäki örän giň meýdança şol öňki söwüde çalymdaş, gowy düýp tutup, derrew ýapraklaýan agajyň syrdambitin pürslerinden oturdyp, has dogrusy, kakyp çykdym. Olaryň sany ýigrimi müň düýbe dagyn baryp ýetdimikä diýýän. Özi-de, duşmanlar daşky diwara hüjüm edäýse, olaryň ýaşajyk agaçlary penalanyp gizlenmezligi hem-de meniň olary elimiň aýasyndaky ýaly synlap bilmegim üçin, diwaryň göni daş tarapyndaky giňişlik zolagy alaň-açyk edip goýdum.

Şeýlelikde, iki ýylyň içinde öýümiň öňünde kiçeňräk jeňňel peýda boldy, ýene bäş-alty ýyl geçensoň biçak gür ekilen ol agaçlar ok ursaň geçmejek sümme tokaýlyga öwrüldi. Indi, yns-jyns, hiç kim bu tokaýyň aňyrsynda öý, onda-da giden bir howly bardyr öýdüp, ýatsa-tursa, güman hem etjek däldi. Tokaýjygyň içinden ötüp-geçmäge ýodajyk goýmandygym sebäpli, howlyma iki sany merdiwan bilen girip çykýardym. Birinji merdiwany gaýanyň somalyp çykyp duran pessejigräk bir gerşine söýäp, ýokaryk dyrmyşýardym-da, merdiwany çekip, şo taýda goýýardym. Soňra ikinji merdiwany ulanyp howlynyň öň ýanyna düşýärdim. Merdiwanlaryň ikisinem aýryp goýan wagtym, elini-aýagyny döwdürmän meniň töweregimden inip biljek adam ýokdy. Bardy-geldi bir gäbi azan gaýanyň gerşinden aşyp geçäýende-de, ol barybir daşarky diwaryň daş ýüzüne gelip düşjekdi.

Şeýlelik bilen men janymy howp-hatardan goramak üçin adamzat pähiminiň salgy berýän ähli çärelerini amala aşyrdym. Şo pilleler men diňe öz ýanymdan alabasga düşüp, şoňa görä hereket eden-de bolsam, şol howpsuzlyk çäreleriniň biderek bolmandygyna hekaýatymyň dowamynda siziň özüňiz hem magat göz ýetirersiňiz.

## XII BAP

Men gorag desgalaryny gurmak bilen meşgullanýan döwrümde beýleki işlerimi hem gözden salmaýardym. Çaklaňja geçi sürim hakynda çäksiz aladalanýardym, sebäbi olar diňe bir seçmedir-däri harçlaman, islän wagtym el uzadaýar ýaly geýim-gejim hem-de azyk çeşmesi bolmak bilen çäklenmän, eýsem meni ýabany geçileriň yzynda seňkildäp ýadamakdan-da halas edýärdi. Şonuň üçin, bujagaz sürimden el ýuwup, ýaňadan öýdeçi geçi ýetişdirmek maňa juda kyn düşjekdi.

Men hut şol maksat bilen, akylly-başly oýlandym we geçilerimi başybitin, gurgun saklamak üçin diňe iki sany çykalganyň bardygyna göz ýetirdim. Birinji çykalga, çemelije bir künjek tapagada, ýerasty gowak – körpeç gazyp, her gije geçileri şoňa salyp goýmakdy, ikinjisi bolsa, mümkingadar gizlençek edip, biri-birinden üzňe ýerlerde iki-üç sany aýratyn agyljyk salyp, hersine bäş-alty sany ýaşajyk çebişdir-owlagy gabat goýmakdy. Şonda, eger bir betbagtçylyk sebäpli esasy sürim tutuşlygyna gyrylaýsa hem, agyljyklardaky owlaklardan sähel wagtyň içinde täze süri köpeldip ýetişdirmek maňa o diýen kyn boljak däldi. Şonuň üçin, irginsiz zähmet hem-de idi-yssywat talap edýändigine seretmezden, men şu gelen netijäme iň oýlanyşykly pikir hökmünde garadym.

Şol çözgüde laýyklykda, men adanyň iň bir gözden uzak künjeklerini agtarmaga başladym we ahyrsoňy tüýs meniň isleýşim ýaly bir çolaja ýeriň üstünden bardym. Bu ýer, öň aýdyp berşim ýaly, birwagtlar adanyň gündogar tarapyndan öýe dolanjak bolan gezegim ýolumy ýitirip, azaşan gür tokaýlygymyň jümmüşinde ýerleşýärdi. Üç akr töweregi meýdany tutup ýatan bu çygly meýdançanyň daş-töweregini gabsap oturan belentli-pesli agaçlar misli tebigy aýmança ýaly bolup durdy. Her niçik-de bolsa, haýat aýlamak üçin öňki agyldaky ýaly gijesi-gündizi bilen garzynmak zerur boljak däldi.

Men haýal etmän işe girişdim we bir aýa ýetip-ýetmän tebigy aýmançany birkemsiz haýata öwrüp, täze agyly taýýarladym. Indi, öňki agyldan geçileri sürüp getiribermelidi, ýöne gepem, ana, şondady — o zaluwatlar agyldan çykdygy jaýtarlyp, daga bakan ýazzyny beräýse, ber onsoň habaryňy! Emma, bar zat gül ýaly boldy, ozalky sarç geçilerden bäri ençeme nesil çalşansoň, indikiler ýuwaşapdyrlar ekeni. Men muňa begenip, derrew süriniň arasyna girdim-de, on sany ýaşajyk geçi bilen iki sany tekäni bir çete kowup, öňüme salyp, täze agyla bakan sürdüm. Men olary agyla goýberdim-de, kemi-kösti galmasyn diýip, aýmançany ýaňadan birlaý elden geçirmegiň ugruna çykdym. Alňasaman, öz maýdalyma işläp, ýene birnäçe güni şol iş bilen meşgullanyp geçirdim.

Men adam aýagynyň ýekeje yzy sebäpli peşeden pil ýasap, şu giden kösençliklere, hupbatlara döz gelip ýördüm; aslynda welin, henize çenli adanyň üstünde hiçhili janly-jemendä gözüm düşmändi. Indi iki ýyldan bäri edil it ýassanan ýaly, janym suw üstündedi, ozalky ynjalygym ýokdy. Iňňäň üstünde oturan dek, hemişe biriniň bet niýetinden gorkup ýören adamlar meniň bu ýagdaýymy has takyk göz öňüne getirip biler. Gorky zerarly ýüze çykan galagopluk, gynansam-da, meniň din-ygtykat baradaky pikirlerime ýaramaz täsir edipdi. Sebäbi, wagşylardyr adamhorlaryň eline düşmegiň howatyry we elhenç gorkusy ruhumy dyngysyz elendirip, elmydama salym suw üstünde bolansoň, men Ýaradanyň öňünde kaýyllyk bilen tagzym edip, el açmaga kän bir maý tapyp bilmeýärdim. Men dumly-duşum howp-hatar bilen gurşalan dek, her gije «haçan ýabanylar üstümi basyp, ezenegimden süýrekläp, etimi tyga düzerlerkä» diýip, her bir çybşylda zöwwe ýerimden galyp, daňymy zordan ataryp ýörşüme Allatagalanyň huzyrynda imi-sala gol götermäge tagapyl edip bilmeýärdim. Şol döwürde men öz tejribäm esasynda bir zada anyk göz ýetirdim — aljyraňňylyga düşüp, gorkup däl-de, eýsem, parahat pikirlenip, kanagata, söýgüdir

muhubbete ýugrulyp, ybadat edeniň bir başga bolýar ekeni. Adamzat oglunyň ýakynlaşyp gelýän bir betbagtlygyň howatyry astynda Allanyň öňünde dileg-doga edişi, demini sanap ýatan bendäniň toba-tagsyr edişinden kän bir tapawutlanmaz ekeni, sebäbi, bedeniň ysmaz bolşy ýaly, şol hili alas-gopaslyk aklyňy çaşyrýar. Akyl çaşgynlygy bolsa, bedeniň maýyp-müjripliginden has çökder urgy bolýar. Elbetde, Allanyň öňündäki ybadat borjuňy ýerine ýetirmek üçin beden saglygyndan öňinçä akyl sagdynlygy gerek ahyryn.
Ýeri bor-la, indi hekaýamyza dolanyp geleliň. Kiçeňräk geçi sürüsini täze agyla göçürip dynamsoň, men tutuş adany aýlanyp, şoňa çalymdaş ýene-de bir bukuja ýeriň gözlegine çykdym. Şol günleriň birinde adanyň iň günbatar çetine gitdim. Öň bu ýere gelip görmändim. Onsoň, oňa-muňa esewan edip, birsellem peýwagtyna ýaýylyp ýatan gök deňzi synladym. Şol barmana, göwnüme bolmasa, alys gözýetimde gözüme bir gaýyk kaklyşan ýaly boldy. Men gämiden galan sandyklaryň birinden birki sany dürbi tapypdym, ýöne olar şol wagt ýanymda däldi. Onsoň ýaňky gözüme kaklyşan garaja nokady saýgarjak bolup, şunça çiňerilip seretsem-de, gaty uzakda bolandygy sebäpli onuň gaýykdygyny-däldigini aýyl-saýyl seljerip bilmedim. Baýryň eňňidinden aşaklygyna düşdügimçe ojagaz nokat gözden gaýyp bolup gitdi welin, men ony owarram etdim-de, indikile dürbimi alman, gezelenje çykmazlygy ýüregime düwdüm. Men, dogrudan-da, henize-bu güne deňiç bu jelegaýa aýak sekmändim. Onsoň adanyň çetindäki şol baýyrdan düşüp, kenara tarap ýöredim. Men kenara baryp ýeten pillläm, degre-daşyma göz gezdirdim we adada adam aýagynyň yzyna duşmagyň, meniň pikir edişim ýaly, onçakly geň zat däldigine şolbada düşündim. Indi görüp otursam, Allatagala aýratyn garaşyk edip, meni adanyň wagşylaryň gelmeýän tarapyna düşüripdir ekeni. Ýogsam, men beýleki guryýerde ýaşaýan ýabany adamlaryň uzagrak ýüzüşlere çykan mahallary, häli-şindi şu ýerdäki aýlagda düşläp, gaýyklaryny goýýandyklaryny bireýýäm bilerdim. Asyl, ol adamhor äteňetler bu taýda öz wagşy däp-dessurlaryny berjaý edýän bolsalar nätjek?!
Ýaňky aýdyşy ýaly, men baýyrdan düşüp, kenara ýeten badyma, haýran galmakdan ýaňa agzymy açyp, doňup galdym. Meniň inim düýrügip, depe saçym syh-syh boldy — kenardaky çägelikde çakyr kelleçanak diýermiň, el-aýak diýermiň, garaz her dürli süňk-saňklar çalam-çaş bolup pytraşyp ýatyrdy. Hol beýleräkde ullakan bir ot ýakylýan çukur garalyp durdy. Ony halkalap, tegelek edip gazypdyrlar. Çaky, bu ýabany adamlar taýpa-taýpa bolarly. Olar birek-birek bilen söweş gurap, ýeňlen tarapdan ýesir düşenleri şu ýere daňyp getirýän bolmaly. Soňra bolsa, şu çukurda labyrdadyp äpet ot ýakýandyrlar-da, ýesirleri öldürip, olaryň etinden şagal mesligini guraýandyrlar.
Men gören zatlarymyň täsirinden saplanyp bilmän, agaç ýuwdan ýaly somalyp duruşyma, birbada öz üstüme abanýan howp barada pikir etmändirin. Adamzat tebigatynyň näme sebäpli beýle aýylganç ownap, şunuň deýin birehim, ýowuz wagşylyga baryp ýetýändigi hakyndaky agyr oý-pikirleriň arasynda ähli gorkularym ýadymdan çykyp gidipdir. Şunuň ýaly wagşylyklar baradaky gep-gürrüňleri, myşmyşlary kän diňläpdim, ýöne ony hiç haçan öz gözlerim bilen görmändim. Men bu elhenç görnüşe uzak seredip bilmän, ýüzümi başga tarapa sowdum; erbet ýüregim

bulanyp, essim aýyljak boldy, şonda aşgazanym biygtyýar ýygryldy-da, biçak güýçli ögäp gaýtardym. Men az-kem aýňaldym, ýöne bu ýerde mundan artyk ýeke salym hem güýmenip biljek däldim. Onsoň, howul bela — sowul bela, men aýagaldygyna ylgap, dem salymda baýryň depesine baryp ýetdim we ondan aňrylygyna — öýe bakan süýegimi süýräp ýola düşdüm.

Men adanyň şol böleginden biraz daşlaşanymdan soň, birsellem aýak çekip, demimi dürsedim. Onsoň bütin durkum bilen kaýyllyga gurşalyp, ýüzümi asmana göterdim we gözümden boýur-boýur ýaş döküp, meni şu tetelli gözi gyzyl ýyrtyjylaryň arasynda däl-de, dünýäniň başga bir künjeginde ynsan şekilli ýaradandygy üçin Allatagala şükür etdim. Häzirki mydarymy juda çökder hasap edip, şunça ýyllap eňräp gezen-de bolsam, Merhemeti Soňsuz Biribar meniň şükür etmegim üçin, şu oňňudymyň içinde, gör, nähili ýagşy nygmatlary gizläp goýan ekeni. Bularyň baryny bir ýaňa goýanyňda-da, ýowuz günlerimde Allatagalanyň barlygyny ýada salyp, Onuň medet bermeginden umydygär bolup, kalbymyň aram tapýandygyny hiç bir zada deňäp boljak däldi. Şol duýgynyň berýän sagadaty başymdan inen-u-injek ähli külpetlere melhem bolýardy.

Şeýdip, ýagdaýyma şükür edip, men galajygyma dolanyp geldim we öz howpsuzlygym barada öňkimden has arkaýynlaşdym. Çaklaýşyma görä, wagşylar bu ada bir zatlar gerek bolup, ony-muny gözläp gelmeýärdiler, asyl-ha, olaryň bu ýerden hantama zady ýokdy. Sebäbi, olar kän gezekler timisgenişip, adanyň tokaýlyk künjeklerinde seňkildändirler, ýöne, ähtimal, meňki bolsun diýer ýaly ibaly zada duşan däldirler. Meniň adada ýaşap ýörenime eýýäm on sekiz ýyl bolup barýardy we men soňky döwre çenli hiçhili adam aýak yzyna gabat gelmändim, diýmek, özüm bir seresapsyzlyk edäýmesem, onda häzirkim ýaly gizlenip, ýene şonçarak wagt ýaşap biljekdim. Indi meniň ýeke-täk alada etmeli meseläm — tä adam ysly ynsanlara duşýançam, öz ýaşaýan ýerimi, ekin-dikinimi we agyllarymy ýabany adamhorlaryň gözünden gizläp, hemişe hüşgär gezmek bolup durýardy.

Barybir, şol jyn urmuş wagşylara, olaryň adamçylyga sygmajak nälet siňmiş däp-dessuryna — biri-birleriniň etini oda daglap, süňküni gemirmeklerine bolan ýigrenjimiň çeni-çaky ýokdy, tüýs aňrym bärik gelip, birden-birden içim-bagrym tütäberýärdi. Şeýle bolansoň, men iki ýyl çemesi belli bir aralykdan çykman gizlenip ýaşadym. Aralyk diýýänim, gowagyň öňündäki howlymyň, jülgedäki telärli mülk ýerimiň hem-de tokaýyň jümmüşindäki täze agylçamyň aralygyna düşýän jelegaýlardy. Soňky aýdanyma-ha diňe şol ýerdäki geçilerim ölüp galaýmasyn diýip, çendanýarym köw-söw uran bolup gaýdýardym. Ýaňky aýdyşym ýaly, dowzahdan çykan şol pis mahluklary şeýle bir ýigrenýärdim welin, asyl, şolaryň mysalasyna ýüzüm düşeninden Melgun bilen aşyk atyşanymy ýagşy görýärdim. Şol iki ýylyň dowamynda men köwjagazda ýygşyryp goýan gaýygymy görmäge ýeke gezegem gitmedim. Oňa derek, başga bir gaýyk ýasanmagyň kül-külüne düşdüm. Birdenkä şol ýuwhalara pete-pet bolaýmaýyn diýen gorky bilen, gaýygymy adanyň bu tarapyna ýüzdürip äkelmäge meniň bognum ysmaýardy. Eý toba, eger gaýygymda jülpüldän bolup gelýärkäm, meni deňziň ortarasynda gapjaýsalar, onda tomaşany şonda görersiň!

Her niçik-de bolsa, ýabanylaryň meniň üstümi açmak howpunyň ýokdugyna bolan ynamym wagtyň geçmegi bilen meni gaýgy-ünjüden birkemsiz saplady. Men ýene-de edil öňki bolşum ýaly ýaşap ugradym. Ýöne, ýekeje bir tapawut bardy — indi men hüşgärligi goldan bermän, ýabanylaryň gözüne ilmezlik üçin örän habardar gezýärdim. Ylaýta-da, olar adada kaňkaşyp ýören mahaly atdanlykda eşidäýmesin diýen ätiýaçdan ötri tüpeň atmamy hem goýupdym. Hernä, wagtynda geçileri eldekileşdirip, süri köpeldenim bähbide çekipdir ekeni; indi tokaýyň içinde sermenekläp, ýabany geçi kowalap, tüpeň atyp ýörjek aladam ýokdy. Şol wakadan soň äwüp-säwüp dagyn iki-ýeke geçi tutsam tutandyryn, olam duzakdyr gürpbassy bilen; şunlukda, ýalňyşmaýan bolsam, şol iki ýylyň dowamynda birje gezegem tüpeňimiň mäşesini gysmadym. Ýöne barybir ony ýanymdan goýmaýardym. Ondan başga-da, gämiden galan üç sany sapançamyň iň bolmanda iki sanagyny elmydama geçiniň derisinden ýasalan gaýyş kemerime gysdyryp goýýardym. Gämiden alyp galan ullakan gamalarymyň birini hem ýörite tiken tasmajygymdan ötürip, bilimden asýardym. Şeýlelikde, guşagyma iki sany uzyn nilli sapança gysdyryp, bilimden ýalaw ýaly gamany sallap, apaň-apaň basyp ýöränimde meniň haýbatymy dagyn bir görsediňiz, bularyň üstesine-de öň suratlandyryp beren ýarag-enjamlarymy we sallam-sajak, ylhanat ebtimi hem göz öňüne getirip görüň.
Şeýlelikde, ätiýaçlyk çärelerini hasap etmäniňde, meniň durmuşym belli bir döwürde ozalky parahat we asuda keşbine gaýdyp geldi. Bu zatlaryň hemmesi başga birgiden adamyňka deňäniňde meniň ýagdaýymyň has öwerlikdigini barha aýdyň görkezýärdi, ýogsam, Allatagala meniň maňlaýyma ýaşaýşyň başga negiden külpetlerini hem ýazyp bilerdi ahyryn. Dogrudan hem, tutuş ýeriň ýüzündäki adamlar özlerini hemişe has belentdäkilere deňäp, zeýrenişip, hüňürdeşip ýörmän, tersine, öz hal-ahwallaryny has agyr hem-de pes ýagdaýdaky adamlaryň ýagdaýyna deňänliginde, onda dünýeler düzäp, arz-şikaýatlar nähili az bolardy?
Häzirki ýagdaýymda meniň onçakly mätäç zadym ýokdy, sebäbi, göwnüme bolmasa, ýabany wagşylardan gorky çeke-çeke, öz janymyň derdine düşe-düşe, indi gündelik gerek-ýaraklara hysyrdanyp ýörmekden mazaly elim sowaşyp, oýlap tapyjylygym küteleşipdi. Şonuň üçinem, men ençe wagtdan bäri üstünde çorba sowadan täze bir güýmenjämi goýbolsun edipdim — gönüläp aýtsam, men arpa dänelerini irimçik üwägede, şondan az-owlak piwojyk gaýnadyp bolmazmyka diýip, gultunyp ýördüm. Ol hälki bir barypýatan herdemhyýallyk ekeni, şol türkanalygym üçin men soň-soňlaram özümi kötekledim ýördüm. Piwo gaýnatmak üçin maňa birnäçe goşmaça serişdäniň gerek boljakdygyny bilmändirin, bilenimde-de olary üpjün edip biljek gümanaň barmy diýsene?! Öňi bilen, ony saklamaga çelek gerekdi, çelek ýasajak bolşumyň ýabygorludygy barada bolsa men eýýäm gürrüň berdim. Näçe günläp, hepdeläp, hatda aýlap çyr-çytyr bolup, dyrjaşsam-da çelek ýasamak maňa eýgertmändi. Ol hiç diýeniňde-de, mende piwo ýasar ýaly ne-hä bir hmel, ne-de ony aldyrmak üçin maýa, ne-de bir gaýnadar ýaly gazan bardy. Ýöne, eger ýabany adamlaryň gorky-ürküsi ara sokulmadyk bolsady, onda şol kem zatlaryň başyny jemläp, belkem, piwo ýasamagyň hötdesinden gelerdim, çünki bir ýüregime düwüp, başyny başlan islendik işimi gutarman goýýan halatym örän seýrek bolýardy.

Emma, şol iki arada meniň oýlap tapyjylygym düýbünden başgaça bir ugra syrykdy oturyberdi. Men, indi, gije-gündiz «şol gana suwsan ýabany ülhitleri öz wagşy şady-horramlygynyň üstünde basyp, birnäçesini tükgerdägedän, mümkin bolsa, olaryň iýmek üçin äkelen biçäre görgülisini halas edip bolmazmyka» diýen pikiriň küýünde gezýärdim. Şol petigaralaryň pirini kädä gabamak ýa-da iň bolmanda dolanyp şu ada köwlenmezleri ýaly, gözleriniň oduny almak üçin oýlap tapan, aňymda aýlan hiledir sapalaklarymy jikme-jik ýazjak bolsam, kitabyň göwrümi ulalar gider. Emma, uzakdan kesekleşmegi göz öňünde tutýan şol hile-pirimleriň hiç birisiniň-de başa barmajagy eýýämden äşgärdi. Sebäbi, meniň hut özüm, şagalaň wagtynda şol ýerde bolmalydym. Beý diýseňem, mergenlikde menden kem durmajak, eli naýzaly, okly-ýaýly, ýigrimi-otuz sany pyýada bilen döwüm deň gelerdimikä, beri?
Men ýabanylaryň ot ýakýan ýeriniň aşagyny köwägede, bäş-alty funt däri gömüp goýmakçy hem boldum. Olar alaw tutaşdyryp, ody ýakan badyna, däri ýarylyp, golaýda duranlaryň barynyň külüni göge sowurjakdy. Ýöne, birinjidenä, mende bary-ýogy ýekeje çelek däri galypdy, onsoň munça därini ýele sowurmaga dözmedim, ikinjiden bolsa, däriniň tüýs ýabanylaryň emini beräjýek pursatda partlajagy gümanady, alaw tutaşan mahaly oduň gapdalynda hiç kim ýok bolsa, partlama uzagrakda duran ýabanylaryň gulagyny gapyp, ýüzüni-gözüne külden dolduryp, bir aljyraňňylyk döreder. Ana, bar bolany, ojagaz tüweleý üçin olar bu adadan aýagyny kesmez. Şonuň üçin, men bu hyýalymy bir ýaňa goýdum. Soňra, men tüpeňlerimiň üçüsine-de ok sürüp, gyrak-bujakda amatlyja bir ýerde bukuda ýatsam nähili bolarka diýip pikirlendim. Men ganly şagalaň gyzyşyp, ýabanylaryň meý-mes bolan pillesi, olaryň üstüne yzly-yzyna seçme ýagdyraryn. Şonda, her atyşda olaryň iki-üç sanysyny dagyn öldürjek ýa-da ýaralajak bolaryn. Onsoň başagaýlykdan peýdalanyp, gamamy syraryn-da, üç sany sapançam bilen ýabanylaryň üstüne okdurylaryn. Bar, şolar ýigrimi adam bolaýanda-da, gürrüňsiz, hemmesini edil palaç ýatyran ýaly gyr-ýapyr ederin. Men bu hyýala ençe hepdeläp maýyl bolup gezdim, hatda ol soňabaka şeýle bir aňymy eýeläp, ýygy-ýygydan düýşüme girip başlady; men ukymda tüpeň atyp, ýabanylar bilen tutluşyga girýärdim.
Kelläme üýtgeşik-üýtgeşik pikirler gelip duransoň, men ýabanylary didiwana mündürmäge çemeli bukalga tapjak bolup, ençeme günläp günbatar kenarýaka gatnamany çykardym. Men zol-zol baryp durandygym üçin, indi ol kenara bäş barmagym ýaly belet bolup başlapdym. Meniň paýhasym ar alyş hyjuwyndan ýaňa püre-pürlenip, ol mahluklaryň ýigrimi-otuz sanagyny gyzyl-ýaýyrt edip, paýhynlap taşlaýsam diýýärdi. Çägesöw kenarda çaşyp ýatan eýmenç süňk-saňklary görüp tüýs myrryhym tutup, jynym atlanýardy.
Men ahyrsoňy baýryň ýapysynda bir pynhan köwjagaz tapdym, o taýda ümsüm oturyp, ýabanylaryň gaýyklary gözýetimde peýda bolýança garaşsa boljakdy. Olaryň uzakdan garasy göründügi, hol beýleräkde ösüp oturan topbak agaçlaryň arasyna ýüwrüp baraýmalydy. Agaçlaryň birinde meni doly gizläp biljek ullakan, hoňkaryp duran köwek bar ekeni. Şol köwekde jaýlaşyp, adamhorlaryň rehimsiz pişesini boýdan-başa synlap, olaryň kellesinden arkaýyn nyşana alyp biljekdim. Onsoň olar

bir ýere hümerlenişen wagty, atan okumyň sowa geçmejegi ikuçsuzdy. Eýýäm birinji atyşda olaryň üç-dört sanysynyň ýere sermäge doly mümkinçiligim boljakdy.
Şeýlelikde, men hut şol meýdançada öz planymy amala aşyrmagy ýüregime düwdüm-de, iki sany muşket bilen ýönekeý aw tüpeňimi sypap-sermäp, çaknyşyga taýynlyk görüp ugradym. Muşketleriň her birine iki sany gurşun gülle bilen dört-bäş sany sapança okuny saldym; aw tüpeňime bir gysym iri seçme guýup, sapançalarymyň her birine dört sany ok sürdüm. Şeýlelikde, ikinji we üçünji atyşlaryňam ok-därisini tükel jemläp, ýörişe çykybermäge taýýar boldum.
Men öz söweş planymy göwnejaý bişirip, hyýalymda öwran-öwran ýerine ýetirip görenimden soňra, her gün ir säher bilen, öz galajygymdan üç mil gowrak aradaşlykda ýerleşýän şol baýryň depesine gatnap başladym. Şol depede «ada bakan gelýän ýa-da golaýjykdan geçip barýan gaýyk-ýene gözüme ilmezmikän» diýip, irikgä bolup oturýardym. Men iki-üç aýlap juda eserdeň gözegçilik etdim, ýöne her gün agşamlyk üýtgeşik bir gaýyga-ýenä gözüm düşmän, öýüme lapykeç gaýdyp gelýärdim. Soňabaka bu ynjyk iş halys ýüregime-bagryma düşüp ugrady. Diliňde aňsat — günuzyn ýa deňzin ýakasyna çiňerilip oturansyň, ýa-da alys gözýetime, bir eýläk-bir beýläk dürbi tutup duransyň, şonda-da kenardan geçen, asyl-ha uç-gyraksyz okeanyň hiç bir ýerinde gaýyga çalymdaş çirim ýaly gara nokatjyk hem gözüňe ilmez.
Daş-töwerege esewan bolmak üçin her gün depä gatnap ýörşüme, öz söweş meýlimi amala aşyrmaga biçak höwesjeň çemeleşýärdim. Şol wagtky badym bilen, gözümi gyrpman, ýigrimi-otuz sany ýalaňaç wagşyny uçdantutma pürreläp biljekdim. Aslynda welin, olaryň ganhor däp-dessurlary barasynda heniz akylly-başly pikirlenip hem görmändim. Ýerli adamlaryň görlüp-eşidilmedik bu wagşy edähediniň döreden gorkusy sebäpli, meniň ýüregimde ýigrenç ody lowlaýardy. Ýoluny urduran ol näkesler Perwerdigäriň hikmetli hökümleri bilen agyp-dönýän şu dünýede öz ýigrenji we bibaş haý-höweslerinden başga ýol görkeziji tapyp bilmän, ylahy külpete sezewar bolandyrlar. Onsoň olar, ähtimal, ençeme asyrlaryň dowamynda, öz-başlaryna galyp, elhenç etmişlere ýüz urandyrlar, biçak gorkunç däp-dessurlar edinendirler. Allatagalanyň özugruna taşlan şu üzňe tebigatynda, ol ýabanylar adamzada mahsus bolan sypatlary ýitirip, jähennem mahluklaryna öwrülipdirler. Emma welin, ýaňky aýdyşym ýaly, men her gün irden depä gatnap, biderek köwüş tozduryp ýörmekden halys bez bolamsoň, ýabanylary öldürmek baradaky pikirim hem üýtgäp ugrady. Men nähili işe ýüz urjak bolýandygym barada indi has sowukganly we pähimli oýlanyp başladym. «Olara jenaýatkär diýen bolup, janlaryny alar ýaly, sen näme, kazy-kelanmydyň ýa-da jellatmydyň?! Merhemeti soňsuz Allatagala belli bir hikmet boýunça olara şunça asyrlap hiç hili temmi bermändir. Olaryň bu bolup ýörüşleri diňe Allanyň olar barada beren hökümlerini birek-birekde amal etmekden ybarat ahyryn. Heý, olaryň towugyňa yok diýlen ýeri boldumy? Ýeri, onsoň, ýabanylaryň alyp barýan başly-barat, gandöküşikli söweşlerine, ýowuz däp-dessuryna burnumy sokmaga meniň näme hakym barka?» Men bu meseläni ýygy-ýygydan serimde aýlap, öz-özüm bilen gürleşýärdim: «Dek şu ýagdaý üçin Biribaryň nähili höküm berendigini näbilýäň? Olaryň adam etini iýmegi jenaýat hasap etmeýänlig-ä şübhesiz.

Özlerine adaty zat bolup görünýän bu elhenç pişe olara wyždan azabyny bermeýär. Ýabanylar ony jenaýatdyr hem öýtmeýärler, şeýlelikde, biziň edýän etmişlerimizde bolşy ýaly, ylahy adalatyň tersine gidýärler. Olar söweşde ýesir düşen bendileri öldürmegi öküz soýança-da görmeýärler. Edil biziň goýun etini hezil edip iýşimiz ýaly, olaram adam etini sümürýärler».

Men bu ýagdaý barada pikirlenip, birmeýdan böwrüme diň salyp oturdym-da, özümiň göz-görtele bimamladygym barada netijä geldim. Ýabanylar meniň ýazgarýan terzimdäki ganhorlar däldi. Söweşde ýesir düşen bendileri, agyn bolmasa, gylyçdan geçirýän hristianlaryň ganhorçylygy bilen deňäniňde, olaryň adam öldürşini ýüzüňe sylaýmalydy. Ýewropada hatda gylyjyny tabşyryp, boýun synan uly-uly goşunlaryda, aman bermän, durşuna paýhynlap taşlaýardylar ahyryn.

Üstesine, ýabanylaryň öz bir-birilerine şonça çygyrsyz, wagşy çemeleşýändigine garamazdan, adam eti iýilýän ganly meýlisiň maňa ýagşydan-ýamandan galtaşýan ýerem ýokdy. Olar maňa zorluk-sütem etmändi. Bardy-geldi, olar üstüme hüjüm edip, zerurlyk ýüze çyksa, onda men, elbetde, özümi goramak üçin olar bilen harçaňlaşmaly bolardym. Emma men ýabanylaryň el ýeterinden şeýle bir uzakda ýaşaýaryn welin, olar asyl meniň barlygymdan hem bihabardyrlar. Şonuň üçinem, men barada olaryň hiç hili ýaman pygyllary bolup biljek däldi. Ýeri, onsoň olary gapyllykda basyp, käkilik ýaly awlamak ynsaba sygjak zatmy beri? Beýtmeklik Günorta Amerikada millionlarça ýerli indeýi gyrgyna salan ispanlaryň eden elhenç etmişleriniň ählisini unamaklygy aňlatjakdy. Butlara çokunýan wagşy indeýler birentek rehim-şepagatsyz, ýowuz däp-dessurlary berjaý edýärdiler. Ylaýta-da, adamlary öldürip, öz hudaýlarynyň ýoluna gurban edýärdiler. Emma welin, ispanlaryň eden gabahat işlerine seredeniňde, olary bigünä hasaplasa-da boljakdy. Ispanlaryň ýerli indeýleriň ýurdunda ýel öwüsdirişleri barada şol döwürlerde hatda Ispaniýanyň özünde-de, Ýewropanyň beýleki hristian ýurtlarynda-da çäksiz ýigrenç hem-de ýazgaryş bilen gürrüň edilýärdi. Olaryň garawsyz ilaty görlüp-eşidilmedik zalymlyk bilen gyran-jyrana salyp, nähak gan döküşleri ne-hä Allanyň, ne-de bendesiniň öňünde bagyşlanjak zat däldi. Şol döwürlerde islendik bir ispanyň ady hemme adamzat halklarynda we hristian ymmatynda gorky hem-de howsala bilen agzalýardy. Ispaniýa şalygyna bolsa, rehim-şepagat duýgularyndan daşlaşan, tüýs bir ejizeganym, ýagşylyk barada hiç zat bilmeýän doňýürek adamlary ýetişdirýän ýurt hökmünde garalýardy.

Bu oý-pikirler meni örän iňkise goýdy, has dogrusy, pälimden gaýtardy. Men dura-bara gaýtmyşym edip, wagşylaryň üstüne çozmak baradaky pikirimiň telekdigine düşündim. Özleri sürnüp gelmese, olaryň şagalaň-topalaňy meniň nä azaryma diýsene?! Meniň işim sapalak atyp, busurylyp gezibermekdi. Eger olaryň özi meniň üstümden gelip, hüjüme geçäýseler, ana, onsoň gurt oýnuny görkezmelidi.

Başga bir tarapdan, arynyň öýjügini gorjamak meniň özümi halas etdigim däl-de, gaýtam, öz aýagymdan palta urdugym boljakdy. Sebäbi, diňe bir gezekde ada gelip düşen ýabanylary däl-de, eýsem, şondan soň kenara geljek islendik ýabanylar toparyny, birini sypdyrman, kaklap biljegiňe ynamyň bolmaly. Eger olaryň biri gaçyp sypagada, bolup geçen wakany öz obasynda gürrüň beräýse, müňläp-müňläp

adamhor wagşylar öz urugdaşlarynyň aryny almak üçin bu ýere bosuşyp gelmezmi! Şonda tepbediň okaldy biläý! Beýdip, ýatan ýylanyň guýrugyny basmagyň hajaty näme?!

Men şu zatlaryň ählisini paýhas eleginden geçirip, ahyrsoňunda, ýerlilere güpbassy gurmagyň, herniçik-de bolsa, adamçylyga we öz ahlak ýörelgelerime sygmajakdygy barada belli-külli karara geldim. Men her edip-hesip edip, olaryň gözünden gizlenip gezmelidim. Olarda «Adada adam ýaşaýan eken-ow» diýen çaklama döremezligi üçin, hiç hili alamat, yz galdyrmaly däldim.

Şol göwnejaý çözgüdimiň üstüne din-ygtykat hem goşulansoň, birnäçe nukdaýnazardan, ol bigünä bendeleriň ganyny dökmek baradaky rehimsiz niýetleriň meniň borjuma girmeýändigine ynandym (öz ýanymdan olary bigünä hasap edýärdim). Özleri bir-birleriniň kekirdegine münüp, jenaýat edip ýörseler, men nädeýin. O jenaýatlar şol taýpalaryň öz boýnunady. Men bu meseläni bütin taýpa-tirelere, halklara hökümini ýöredýän Allatagalanyň eradasyna tabşyrmalydym. Elbetde, halk bolup edilen etmişlere nähili jeza berjekdigini, köpçülikleýin edilýän pyssy-pujurlyklara nähili köpçülikleýin derdi-belalary inderjekdigini külli jahanyň Eýesi öz hikmetli eradasy bilen kesgitleýär. Men bu ýagdaýy indi şeýle bir aç-açan görýärdim welin, günädigi göze dürtülip duran bir zada — göre-bile jenaýat etmek hasaplap boljak şol etmişe ýüz urmandygym sebäpli, çäksiz begendim. Dyzyma çöküp, meni şol zeýilli jenaýatdan alyp galan Allatagala yhlas bilen, tüýs ýüregimden alkyş okadym. Onuň hemişe medet berip, meni ýalkamagyny, şol wagşylaryň eline düşürmezligini, öz ömrümi halas etmek üçin äşgär bir ylahy alamat bolmasa, şol işe el gatmakdan meni daşda saklamagyny dileg etdim.

Men şondan soň bir ýyl töweregi şeýle pikirde gezdim. Şol ülhitlere ýolda-yzda sataşmakdan gaça durdum. Gözüm düşse, özüme erk edip bilmän, garpyşyga girerimden çekinip, depä gatnamamy bes etdim we olaryň ada geleni-gideni bilen asla gyzyklanmadym. Men diňe gaýygymy öňki goýan ýerimden alyp gaýtdym-da, ony adanyň gündogar ýakasyna getirip, üstüne beýik gaýalyk abanyp duran bir ykyşak duralgajykda salyp ýygşyrdym. Akym sebäpli, ýabanylaryň bu ýere gaýyk ýüzdürip gelmäge ýürek etmeýändigini men edil aýnada gören ýaly bilip otyrdym.

Gaýygymy mundan beýläk ýelkensiz ulanjakdygym sebäpli, indi geregi bolmasa-da, gaýyk üçin ýasalan ýelkendir bogaldagy, şo taýda goýan ähli akyr-ukurlarymy hem-de labyra çalym edýän tilsimady ýygnaşdyryp alyp gaýtdym. Tilsimat diýýänimiň sebäbi — oňa ne labyr diýip boljakdy, ne-de bir leňňer (ondan gowuragyny ýasamak maňa başartmady). Gepiň tümmegi, adada gaýyk ýa-da adam bardygyny aňladyp biljek iň bir ownujak yşaratdyr, yzam galdyrmajak bolup, men olaryň barysyny aýyrdym.

Mundan başga-da, hälki aýdyşym ýaly, howlymdan çykman oňýardym, daşaryk setanda-seýranda, diňe geçileri sagmak, tokaýdaky çaklaňja sürime idi-yssuwat etmek ýaly zerur işler üçin çykýardym. Tokaýdaky agylym adanyň beýleki çetinde bolansoň, ol howp-hatardan uzakdy. Ýabanylar käte ony-muny gözläp aýlansalar aýlanýandyrlar, emma olaryň adanyň jümmüşine hiç haçan aralaşmaýandygy, kenardan onçakly daşlaşmaýandygy görnüp durdy. Elhenç gorka düşüp, seresaply

ýaşap başlan günümden bäri, olaryň ýene-de telim sapar ada gelip-gidendigi şübhesizdi. Kämahal öňki arkaýyn ýaşaýşymy göz öňüme getirenimde, gorkudan ýaňa endamym jümşüldäp gidýärdi. Elim diňe ownuk seçme guýlan ýekeje aw tüpeňli, ýarym-ýalaňaç, adanyň dürli künjeklerinde «näme tapyp bolaýarka» diýip, saga-sola aňkarylyp, gorky-ürküden bihabar, keremara gezelenç eden bolup ýörýärdim. Şonda, «wäh» diýen ýaly, alkymymyň aşagyndan ýabanylar pete-pet çykan bolsa, näderdim?! Şol ýekeje aýak yzyna derek on bäş-ýigrimi sany ýabany duş gelip, mekgäme münen bolsa, onda nähili bolardy! O äteňetler biçak ýyndam bolansoň, iki ädim ädip ýetişmänkäm, meni gabyrdadyp basjaklarynyň ujy iki däldi.
Bu pikirler meniň iýenimi-içenimi awy edip, kellämi çaşyrýardy. Bu bolup oturyşyma, özümi goramak üçin hiç zat edip bilmejekdigim, nalaçlykdan aňňalak gapjakdygym, indi şunça pylan-pismidany ölçerip-döküp, taýýarlyk gören-de bolsam, barybir ýabanylardan döwümiň pes geljekdigi barada oýlanyp, meni elhenç näumytlyk gaplap alýardy. Kämahallar bu ýagdaý örän uzaga çekýärdi. Emma welin, ahyrsoňunda, meni şunça görünmez derdi-belalardan aman saklan, özbaşyma hiç haçan sypyp bilmejek çoçgarlarymdan halas eden Allatagala şükür etmeli diýen netijä geldim. Dogrusy, men şol bela-beterleriň bardygyndan, hatda bolup biljekdiginden hem bihabardym. Şükür etmeklik mundan ozal başymdan inen howp-hatarlarda Biribaryň goragyny ilkinji ýola görüp başlan gezegimdäki bir hakykaty ýadyma düşürdi. Hakykatdan-da, her tüýsli göze görünmez betbagtçylyklar, gör, nähili gudratlar arkaly bizden sowlup geçýär! Çykgynsyz ýagdaýa düşüp, «Şu ýoldan gitsemmikäm ýa-da bu ýoldan?» diýip, ýaýdanyp, ikigöwünli bolup durkak, gizlin bir ses bizi öz saýlan ugrumyza däl-de, beýleki ugra gönükdirýär. Heý, şoňa üns beripmidiňiz? Akyl-paýhasymyz, tebigy meýlimiz, belkem, öz tutan maksadymyz belli bir ýoly salgy berip duran-da bolsa, haýsy gözbaşdan nädip gelenini, nähili güýjüniň bardygyny bilip bolmaýan bir geň-enaýy duýgy «Beýleki ýoldan git» diýip, böwrüňe dürtekleýändir. Soňundan, öz akylymyza eýerip, göz öňüne getiren ýolumyzdan giden bolsadyk, onda tüýs bir heläkçiligiň üstünden barjak ekendigimize düşünip galýarys. Şu hili ençeme oýlardan soň, men özümçe bir ýörelge kesgitledim. Bir işe baş goşup-goşmazlyk, bir ýoldan gidip-gitmezlik barada ýüregim gizlin bir duýgyny syzsa, aňymda bir üşük dörese, onda ýüregimdäki şol duýgy bilen aňymdaky üşükden başga tutaryk gözläp oturman, şol pynhan buýruga doly eýerip başladym. Şol ýörelgäniň getiren şowlulyklaryna men öz durmuşymdan, ylaýta-da, şu çola adada geçiren soňky ýyllarymdan näçe diýseň mysal getirip bilerin. Men ozallar, häzirkim ýaly seljeren bolsam, ünsümi çekip biljek başga-da kän-kän ýagdaýlary başdan geçirendirin. Ýöne «Hiçden giç ýagşy» diýipdirler. Men öz durmuşlary edil meniňki ýaly adatdandaşary ýa-da biraz sadarak wakalar bilen geçen akylly-başly adamlara, islendik göze görünmeýän paýhas çeşmesinden gelse gelibersin, Allanyň şunuň ýaly pynhan buýruklaryna gulak asmaklaryny maslahat berýärin. Men ol paýhas çeşmelerini çintgäp oturmakçy däl. Megerem, dogry düşündirip bilmerin. Emma, munuň ruhlar arasyndaky özara üm alyşmagyň, bedenli we bedensiz närseleriň gizlin habarlaşmasynyň subutnamasy bolup durýandygy, şol subutnamany bolsa hiç haçan puja çykyp bolmaýandygy gürrüňsiz hakykatdyr. Şu esasda, çolaja

adadaky soňky ýyllarda başymdan geçen we ýatlamaga mynasyp ahwalatlary ýeri gelende aýdyp bererin.
Soňky döwürde üstümi basmarlan ünji-aladalaryň, meni birsyhly ynjalykdan gaçyrýan howp-hatarlaryň, öz gün-güzeranymy gowulandyryp, dokuzymy düzüw etmek üçin meşgullanýan oýlap tapyşlarymyň, taslamalarymyň soňuna sogan ekendigini aýtsam, okyjy geňirgenip durmazmyka diýýän. Men şindi howpdan ýaýdanjyrap, iýip-içginiň, nahar-şoruň aladasyny edip bilmeýärdim. Tarkyldysyny ýabanylar eşider öýdüp, ne-hä çüý kakyp, ne-de bir agaçdyr odun çapyp bilýärdim. Hut şol ünji sebäpli, tüpeňem atyp bolmaýardy. Iň keçje ýeri bolsa, tüssäniň gündizine örän uzak aralykdan görnüp, meniň syrymy äşgär etmeginden çekinip, ot ýakyp bilmän, bijaý kösenýärdim. Şol zerarly, gap-çanak, şybyk ýaly otda taplamaly zatlary tokaýyň içindäki täze tapan ýerime alyp gitdim. Günlerde bir gün şo taýdan, ýeriň aşagyna, edil däliz ýaly, çuň girip gidýän bir tebigy gowak tapan wagtym, örän begendim. Ol gowagyň agzyna gelen ýabany adam hernäçe gözsüzbatyr bolsa-da, gowagyň içine girmäge bogny ysjak däldi. Hakykatdan hem, bu garaňky sürene meniň ýaly ygtybarly gaçybatalga gözläp ýören biri bolaýmasa, girip biljek adam ýokdy.
Men agaçkömür ýasamak üçin äpet gaýanyň düýbünde gögeren agaçlaryň ýogyn şahalaryny paltalap durkam, tötänleýin şu köwegiň üstünden barypdym (tötänleýin diýýän welin, men indi, şu hili wakalaryň Alla tarapyn bolýandygyny bilýärdim).
Ýöne ilki bilen kömrüň nämä derkar bolandygyny aýdyp bereýin. Ýaňky aýdyşym ýaly, men öýümiň golaý-goltumynda ot ýakmaga gorkýardym; emma welin, çörek bişirmän, ýagly-ýüzli biş-düş etmän oňalga etmek mümkin däldi. Şeýle bolansoň, men odun ýakyp, agaçkömür ýasamagy ýüregime düwdüm. Angliýada ýogyn pürsleri bir çukura sokup, üstünem howa geçmez ýaly bajakly gum bilen ykjam basyryp, olar tä kömre öwrülýänçe, aşagynda pessaý ot ýakýandyklaryny ozal görüpdim. Men kömür doly taýýar bolansoň, ody söndürýärdim-de, kömürler mazaly sowaşansoň, halta gapgaryp, öýe alyp gaýdardym. Agaçkömrüň tüssesi bolmaýardy, şonuň üçinem, nahar-şor diýermiň, toýun gap-gaç bişirmek diýermiň — indi arkaýyn ot ýakybermelidi.
Indi gowakly waka dolanyp geleliň. Ine, bir gün kömür ýasaýan ýerimde agaç çapyp ýörkäm, çyrmaşyp ösen gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda bir köwegiň hoňkaryp, garalyp durandygyny gördüm. Mende köwegiň içine girip görmäge güýçli bilesigelijilik döredi. Onsoň men gyrymsy şahalary eýläk-beýläk sowuşdyryp, zordan köwegiň agzyna baryp ýetdim. Onuň beýikligi iki adam boýy dagy bardy, arkaýyn dik durup boljakdy. Ýöne şonda bir ahwalat bolup geçdi. Gowagyň agzyndan düşýän öçügsi ýagtylyk diwaryň ýüzünde ýaldyr-ýuldur edýärdi. Men sermenekläp biraz öňe bakan ýöredim-de, gowagyň tüm-garaňky bolup duran düýpki künjegine seretdim. Bir görsem, ynsmy-jynsmy, nämedigini Hudaý bilsin, bir üýtgeşik jandaryň ot kimin lowurdaýan iki sany ullakan gözi misli ýyldyz ýaly gyrp-gyrp edýär. Muňa gözüm düşüp, zähräm ýarylan ýaly bolup, asyl, gowaga girenim bilen yzyma atylyp çykanym des-deň boldy.

Emma men ýene az salymdan özümi dürsedim we «Haý, akmak diýsänim, ýigrimi bir ýyl bäri şu çola adada ýeke özüň ýaşabam, gel-gel, indi arwah-jyndan gorkýarmyň? Gowakdaky zat näme-de bolsa, seň özüňden gorkunç däldir» diýip, öz-özüme käýindim. Şondan soň birneme haýbatlanyp, elime ýanyp duran otly kesindini alagada, gaýtadan gowaga girdim. Kesindini ýokaryk göterip, üç ädim ädenim hem şoldy welin, birdenkä biriniň erbet agyry sebäpli iňleýän adamyňka çalymdaş, haşlap batly dem alanyny eşidip, depe saçym düýrükdi. Soňra hamana biri samraýan ýaly, üzlem-saplam ses geldi-de, bir näbelli jandar wähhildäp uludan dem aldy. Men birerbet tisginip, yza çekildim. Endamymy şagga sowuk der basdy. Kellämde şyrdagymyň ýokdugam bir gowy zat, ýogsam, kirpi ýaly syh-syh bolan saçlarym ony hökman ýere gaçyrardy. Men başardygymdan özüme basalyk berdim we Allanyň her bir pursatda, her bir ýerde bar bolup, her bir zada höküm edýändigini ýadyma saldym. Onuň meni gorajakdygy barada oýlandym. Onsoň az-kem batyrlanyp, usullyk bilen öňe bakan ätledim. Men kellämden ýokarraga göterip duran otly kesindimiň salýan ýagtysyna bir lagar düşen äpet serkäniň aýagyny kakyp, urnup ýatandygyny saýgardym. Ýaşy bir çene baran ol janawaryň peýmanasy dolup, ölüm pillesi ýakynlaşan eken. Men ony daşaryk süýrejek bolup, ýerinden gozgadym. Garry serke ýerinden turjak boldy, emma başarmady. Soňra men «Goý, şu ýerde ýatybersinle» diýip oýlandym, ol heniz jany barka, edil meni gorkuzyşy ýaly, bu gowaga girmäge synanyşan ýabanylaryň hem ýüregini ýarmagy mümkindi.
Men gorkymdan az-kem aýňalyp, degre-daşymy synlamaga durdum. Gowak örän darajyk eken. Onuň ululygy takmynan on iki fut töweregidi. Gowak tegelek diýsem, tegelek däldi, inedördül diýsem inedördül däldi. Ol adam eli degmän, tebigy hadysalar arkaly köwlen bolmaly. Ondan başga-da, men gowagyň düýp tarapynda aňyrlygyna gidýän bir sümelge bardygyny gördüm. Sümelge şeýle bir pessejikdi welin, içine girmek üçin dört aýakda emedeklemeli boldum. Onuň nireden baryp çykjagy hem belli däldi. Ýanymda şem bolmansoň, men sümelgä girmegi şol günlükçe goýbolsun etdim we ertir çakmagymy, içi gorly tabany, ýany bilenem üç-dört sany şemi alyp, bu ýere gaýtadan gelmegi ýüregime düwdüm.
Aýdyşym ýaly, ertesi öz ýasan alty sany şemimi alyp, gowaga geldim (men indi geçileriň içýagyndan örän ajaýyp şem ýasap bilýärdim, ýöne peltä derek, şemlere käýarym köne letdejik ýa-da garaýag siňen sapajyk, käýarym bolsa, çitçitä meňzeş bir ösümligiň guran gabygyny işip goýýardym). Men gowagyň düýbündäki insizje sümelgä girenimden soň, ýokarda aýdyşym ýaly, emedekläp on ädim çemesi gitmeli boldum. Bu ötelgäniň uzynlygyny, onuň nirä alyp barýandygyny bilmän, munça aralygy geçmek, dogrusy, meniň üçin örän soňuny-saýmaz töwekgelçilikdi. Men ýoluň iň dar ýerine baryp ýeten wagtym, birdenkä, beýikligi ýigrimi futa barabar ullakan bir giňişlige gözüm düşdi. Lap edip aýtdygym däl, ýöne men adada ýaşan döwrümde henize-bu güne çenli munuň dek ajaýyp görnüşe gabat gelmändim. Gowagyň depesi, ylla diýersiň, gümmez ýaly tegelenip, diwarlary tekiz ýaýylyp gidýärdi. Men üst-başymyň gumuny kakyşdyryp, dikeldim-de, haýran galmakdan ýaňa öwwelip duruberdim. Elimdäki iki sany şemiň şuglasy diwaryň ýüzüne düşüp, set müň dürli öwşün atyp oýnaklaýardy. Men «Eý-ho, bu al-elwan lowurdylar

nämekän — lagly-jowahyrmyka ýa-da bahasyna ýetip bolmajak başga daşlarmyka? Belkem, ol altyn-kümüşdir!» diýip içimi gepledýärdim.

Gowagyň içi alagaraňky bolsa-da, ol örän ajaýypdy. Düýbi tekizjek, gurudy, bir tüýsli ownujak jyglym daşlar düşelendi. Ýakymsyz ysly ýa-da zäherli jandarlar göze ilmeýärdi. Diwarlarda we gümmezde yzgar çekip, çygjaryp ýatan ýer ýokdy. Bir ýaman ýeri, — onuň girelgesi darajykdy, ýöne oňa derek bu gowak howpsuzdy, tüýs meniň gözläp ýören gaçybatalgamdy. Şeýlelikde, gökdäki dilegim ýerde gowuşdy. Men täze açyşyma begenjimden ýaňa, aýagym ýere degmeýärdi. Onsoň mähetdel etmän, esasy goş-golamlary şu gowaga çekmegi ýüregime düwdüm. Ylaýta-da, därili çelegimi, ätiýaçdan saklap ýören ýaraglarymy, ýagny, üç sany aw tüpeňimiň ikisini, jemi sekiz sany muşketimiň üçüsini alyp gaýtdym. Şonlukda, galajygymda diňe daşarky diwaryň gözaralaryna düzülip goýlan bäş sany muşketim galdy. Eýläk-beýläk gezelenje çykan wagtyň olaryň islendigini egniňe atyp gidibermelidi.

Men täze mesgenime ok-därilerimi daşap ýörkäm, birwagt deňizden tapan çelegimiň üstünden bardym. Içindäki däri öl bolansoň, ony ellemän goýupdym. Onuň gapagyny açyp gördüm. Suw çelegiň çar künjeginden biraz aralaşypdyr-da, şojagaz burçdaky çyg çeken däri saň gaty bolup doňupdyr. Ortadaky däriler bolsa, edil şänigiň içindäki maňyz ýalyjak gup-gurulygyna duran eken. Şeýlelikde, men çelegiň içinden altmyş funta golaý gowy däri çykardym. Bu meniň üçin bijaý ýakymly waka boldy. Onsoň men «nä döwür, nä zamana» diýip, galajygymdaky birnäçe funt däriden galanyny syryp-süpläp gowaga daşadym. Ok ýasaýan gurşunlarymy hem alyp gaýtdym.

Men indi özümi ertekilerdäki adam aýagy sekmejek gowaklarda, gaýalaryň köweginde ýaşaýan gadymy döwler ýaly göz öňüne getirýärdim; şu gowakdan çykman otursam, onda bäş ýüz sany ýabany ýer ýykyp gözlände-de, meni tapyp biljek gümanasy ýokdy. Bardy-geldi, meni tapaýanlarynda-da, bu ýere hüjüm etmäge olaryň bogny ysmasa gerek.

Aýak kakyp ýatan garry serke içerki gowagy tapan günümiň ertirligi gowagyň agzynda amanadyny tabşyrdy. Ony süýräp allowarra äkidenimden, şol ýatan ýerinde gömenim maňa has aňsat göründi. Onsoň maslyk yslanaýmanka, çuň çukur gazyp, serkäni ýere duwladym.

## XIII BAP

Meniň adada ýaşap ýörenime eýýäm ýigrimi üç ýyl dolup barýardy. Men bu ýere, bu ýerdäki ýaşaýşa şeýle bir öwrenişipdirin welin, eger ýabanylar ara düşüp, ynjalygymy gaçyrmadyk bolsady, onda ömrümiň galan günlerini şu adada geçirmäge, hatda gowakdaky garry serke ýaly ýere süýnüp, soňky demim sogrulyp çykýança şu ýerde ýaşamaga ikelläp razydym. Men wagtymy öňkülerden has şadyýan geçirmek üçin, her dürlüje oýunlar, güýmenjeler oýlap tapýardym. Eýýäm bilşiňiz ýaly, men ilkibaşda öz Totujama geplemegi öwredipdim; ol şeýle bir enaýyja hekgildäp, owadanja, düşnüklije jedirdeýärdi welin, men gülüp heziller edýärdim. Ol meniň ýanymda ýigrimi alty ýyl ýaşady. Onuň soňra näçe ýyl ýaşanyny bilmedim, ýöne Braziliýada totyguşlaryň ýüz ýyl ýaşaýandygy barada gürrüň eşidipdim. Meniň

köpegim bolsa, on alty ýyllap örän mähirli hem-de wepaly ýoldaş boldy we ahyrsoňunda diş-dyrnakdan aýrylyp, garrap, öz ajalyna öldi. Pişiklerim barada aýtsam, olar ýyrtyk haltadan dökülen dek şeýle bir köpelipdiler welin, barja azyk-owkadymy ogurlap, dökän-saçan edip, halys ulukjyn açýardylar. Onsoň, olaryň birentegini tüpeňläp, ýoguna ýanmaly bolupdym. Gämiden getiren pişiklerimiň ikiside ölensoň, galan pişikleri elime ilen zat bilen ýelmäp, kowalap, aç saklap ýöremsoň, ahyrsoňy olar hezil bermejegime düşünip, howludan gaçyp, tokaýy mesgen tutundylar. Emma men olaryň arasyndan iküç sany gowy görýänje pişijigimi özüme öwrenişdirip, alyp galypdym. Ojagazlar meniň maşgalama goşulyşyp gitdiler. Ondan başga, men ýanymda elmydama iküç sany owlajyk hem saklaýardym, olary öz elim bilen iýmläp, öwrenişdirýärdim. Onsoň, meniň ýene-de iki sany totyguşym hem bardy, olaryň ikisem gowy gepläp, «Robinzon Kruzo» diýip bilýärdi, ýöne Totujanyň gepleýşi bir başgady. Täze totyguşlarym bilen edil Totujama gyzyklanyşym ýaly gyzyklanmadym. Adada ýaşan döwrümde haýsy görnüşe degişlidigi näbelli birnäçe deňiz guşuny tutup, eldekileşdirdim. Uçup ötägitmezleri ýaly, birbada olaryň ganatlaryny gyrkdym. Howlymyň daş ýüzüne oturdan şahajyklarym gol ýaýradyp, goýry kölegeli gür tokaýjyga öwrülipdi. Öýdeçi bolan guşlarym şol agaçlaryň pessejik şahalarynda uçup-gonup, höwürtgeläp, ýaşap ýördüler. Bu ýakymly görnüş meniň göwnümi göterýärdi. Şeýlelikde, ýabanylaryň eline düşmek gorkusyny hasap etmeseň, onda men öz halymdan hoşal bolup, messan gezip, gurgun ýaşap ýördüm.
Emma meniň täleýim başgaça ýazylan ekeni; başymdan geçen şu hekaýat bilen tanşan her bir okyjy şeýle netijä gelse nädogry bolmaz. Biz ömürboýy elhenç gorkudan gaça dursak-da, başymyzdan inýän käbir agyr külpetler köplenç halatda biziň halas bolmagymyza ýol açýar we şolaryň üsti bilen kynçylyklardan baş alyp çykýarys. Men bu hakykata öz ömrümden gaty köp mysal getirip bilerin. Ylaýta-da, adadaky sopbaş durmuşymyň soňky ýyllarynda başdan geçiren wakalarym örän täsin boldy.
Şeýlelikde, adadaky ýigrimi üçünji ýylymyň dekabr aýy hem gelip ýetdi. Günorta ýarymşarda Günüň gyşky säginişi başlapdy (howa tüp-yssy bolansoň, gyş düşdi diýmegem geňräkdi). Diýmek, biliňi berk guşap, orak möwsümine başlamalydy. Ençeme günläp ekinli atyzlara gatnap, zähmet çekmelidi. Men şol günleriň birinde daň bilen öýden çykyp, atyza bakan ugradym. Birdenkä, menden iki mil töweregi uzakda, adanyň kenarynda, onda-da ýabanylaryň ot ýakýan ýerinde däl-de, eýsem, meniň ýaşaýan tarapymda, ullakan oduň ýanyp gübürdäp durandygyna gözüm düşdi. Men edil serpmeden gaýdan ýaly boldum. Onki süňňüm birden gowşap, yza gaçyp, özümi howlynyň daş ýüzündäki tokaýjyga urdum-da, göze ilmejek bolup, ýere ýapyrylyp ýatdym. Ýöne men tokaýjygyň içinde-de özümi arkaýyn duýmadym. «Ýabanylar adada sümsünişip, birdenkä, arpaly meýdanyň üstünden baraýsa, orlan ýerleri, eden işlerimi, abzal-gurallarymy göräýse, olar derrew bu ýerde adam ýaşaýandygyna düşünerler, onsoň meni tapman goýmazlar» diýip, sandyr-sandyr edýärdim. Men şol alas-gopaslyk bilen, bukdaklap, öz galajygyma tarap eňdim. Diwardan aşamsoň, göze dürtülip durmasyn diýip, merdiwany ýokaryk galdyrdym. Soňra howludaky zatlary hasyr-husur ykjamlap, goranyşa taýýarlanmaga başladym.

Men daşarky diwaryň atyşhanasyna ýerleşdirilgi toplarymyň hemmesine ok salyşdyrdym (gözaralarda duran muşketlerimi şeýle atlandyrýardym). Sapançalarymy häzirledim we ýetişibildigimden Allany çagyryp, Ondan medet diläp, ýabanylar bilen iň soňky demime çenli söweşmegi ýüregime düwdüm. Men şeýdip, iki sagat çemesi sary-sadylla bolup garaşdym, ýöne «bar, gör» diýmäge aňtawçylarym ýokdy. Şonuň üçinem, daşarda nämeler bolup geçýändigini aňşyryp bilmän, ikibaka zowzanaklaýardym.
Soňra men ýene birsellem oturyp, indi näme edip-näme goýjagym hakda göwnüme geňeşdim. Kenarda nähili tomaşa turýanyndan bihabar, garaşyp oturmaga takat ýetjek däldi. Onsoň, gaýanyň gapdalyndan çykyp duran tekiz ýere merdiwany söýedim-de, ýokaryk çykyp, merdiwany yzyna çekdim. Soňra ony indiki ýapgyda söýäp, gaýanyň depesine münägede, şobada ýere süýndüm. Uzyn dürbimi elime alyp, kenardaky gybyr-şybry synlamaga durdum. Şonda, kiçiräk oduň daşynda döwre gurap oturan dokuz çemesi ýalaňaç ýabana gözüm düşdi. Olaryň ody ýylanmak üçin ýakmandyklary görnüp durdy. Sebäbi, naýza boýy asmana galan günüň howry eýýäm ýakyp-ýandyryp barýardy. Çaky, ýabanylar, öli ýa-da diridigini aýdyp biljek däl, ýöne bir adamy äkelip, onuň etini çişe düzüp, wagşyýana meýlis gurmaga taýýarlanýan bolarly.
Adamhorlar iki sany gaýykda gelipdirler we gaýyklary kenara çykaryp goýupdyrlar. Şol wagt daşgyn dowam edýändigi sebäpli, göwnüme bolmasa, olar yzlaryna dolanmak üçin, gaýtgyna garaşýan bolmalydy. Bu ahwalaty görüp, meniň elimi-aýagymy ýitirişimi göz öňüne getirmek aňsat bolmasa gerek. Ylaýta-da, ýabanylaryň ýerden çykan ýaly bolup, adanyň bu kenarynda, edil guk ýanymdan gögermegi meni juda aljyradypdy. Emma olaryň bu ýere diňe daşgyn wagtynda köwlenýändigi kelläme gelen pursadynda, men birazajyk ynjaldym. Diýmek, ýabanylar daşgyndan öň gelmedik bolsa, onda men daşgyn dowam edýärkä hiç zatdan gypynç etmän gezip biljekdim. Şoňa göz ýetirenimden soň, men ýene-de arkaýyn orak ormak bilen meşgullanmaga başladym.
Bar zat edil çak edişim ýaly hem boldy: günbatarlygyna tarap gaýtgyn başlady welin, olar gaýyklaryny,küreklӓp, uzaklaşmak bilen boldular. Wah, huşum gursun, ýadymdan çykaýypdyr — ýabanylar ýola düşmezden birki sagat ozal, hababaýlaşyp, maýmyn bolşup, şeýle bir bir tans etdiler welin, uzyn dürbim bilen olaryň oturyp-turup, towsaklaýan hereketlerini saýgaryp bolýardy. Mazaly çiňerilip, dürbimiň içine giräýjek bolup bir seretdim welin, olar asyl şatyr-şallak, çuw-ýalaňaç bökjekleşip ýören bolsalar nätjek. Ýöne olaryň haýsynyň erkek, haýsynyň aýal jynsdandygyny seljermek mümkin däldi.
Olaryň ýola düşüp, daşlaşanyny gören dessime, men hasyr-husur iki sany tüpeňimi egnime atyp, guşagyma iki sany sapança gysdyrdym-da, gynsyz gamamy bilimden asyp, ýabanylary ilki gören baýyrlygyma tarap ýegdekläp ugradym. Men ok-ýaraglaryň agyrlygyndan ýaňa, has-has edip, baýryň ýanyna ýetýänçäm, iki sagat dagyn geçdimikä diýýän. Baýryň depesine dyrmaşyp, alyslara esewan edenimde, hälki görenimden başga ýene-de üç sany gaýygyň gelendigine düşündim. Şolary hasap edeniňde, jemi bäş sany gaýyk alysdaky guryýer bölegine bakan ýüzüp barýar

eken. Bu diýseň elhenç görnüşdi. Men deňziň ýakasyna baryp ýetenimde, adamhorlaryň eden ýigrenji etmişiniň gorkunç yzlaryna, ol näkesleriň gülüp-oýnap, parçalap iýen adamlaryndan galan gan yzlaryna, gemrilen süňklere we et böleklerine gözüm düşdi. Bulary görüp, men şeýle bir gahar-gazaba mündüm welin, kim bolsa-da, näçe köplük bolsa-da, indi şu ýerik geljek wagşylary palaç ýatyran ýaly etmegiň najadyny gözläp başladym.

Ýabanylaryň bu ýere örän seýrek gelýändigi maňa äşgär görnüp durdy, çünki öňki gezek gelenlerinden bäri on bäş aýdan gowrak wagt geçipdi, has dogrusy, tutuş şol döwrüň dowamynda men olaryň ne özlerini görüpdim, ne-de aýak yzlaryna, alamatlaryna duş gelipdim. Diýmek, olar ýagyşly möwsümde ýüzüşe çykmaýardylar. Çyksalar hem, munça daş ýere gelmeýärdiler. Şonda-da, şol on bäş aýyň dowamynda «häli gelerler, şindi gelerler» diýip, edil awa salynjak tazy ýaly bolup gezdim. Şonça wagtlap bir erbetlige garaşyp oturmagyň şol erbetlige sezewar bolanyňdan has kyndygyna, onda-da, şol garaşmany ýa-da gorkulary beýniňden aýryp bilmeseň, onuň has-da agyr täsir edýändigine düşündim.

Şondan soň oturs am-tursam, gan dökmegiň hyýalynda gezdim, has peýdaly işlere sarp edip boljak boş wagtymyň köpüsini indiki sapar olary nähili aňňalak gapdyryp, paýhynlajakdygym, esasan-da, soňky gezek gelenlerindäki ýaly iki topara bölünseler, haýsy sapalaga ýüz urmaly boljakdygym barada pikirlenip geçirdim. Ýabanylaryň on, onki adamlyk bir toparyny gyrsam, ertesi gün, indiki hepde ýa-da indiki aý başga bir topary, onsoň ýene bir topary, şeýde-şeýde, tä olaryň tohum-tiji tükenýänçä, gyr-tutuş bolup ýörjekdigim we ganhorlykda olardan bäş beter ozdurjakdygym hakyndaky pikirler kelläme-de gelmeýärdi.

Meniň günlerim hemişe galagoply, howsalaly ýagdaýda geçýärdi. Iru-giç şol rehimsiz wagşylaryň eline düşerin öýdüp, takga janym çykaýjak bolýardy. Men setanda-seýranda daşaryk çykmaga ýürek eden wagtymda iňňän seresaplylyk bilen daş-töweregimi synlap, üşerilip ýöreýärdim. Indi men öýdeçi geçi sürimiň bardygyna begenip, iki bolup bilmeýärdim, sebäbi, ýabanylaryň ünsüni çekmejek bolup, ylaýta-da, olaryň gelip düşleýän kenarynyň golaý-goltumynda, hiç hili tüpeň atyp bilmeýärdim. Bardy-geldi, olar tüpeň sesinden gorkup, gaçyp gidäýenlerinde-de, barybir ýene birnäçe günden olaryň iki ýüz, üç ýüz sany gaýyk bolup, dolanyp geljekleri ikuçsuzdy. Onsoň, maňa nämäniň garaşýandygam bellidi.

Emma olary görýänçäm, ýene bir ýyl üç aý garaşmaly boldum, bu barada men basym gürrüň bermekçi. Olaryň şol arada birki sapar gelip-giden bolmaklaram ähtimal, ýöne olar, belkem, uzak eglenen däldirler ýa-da men görmän galandyryn. Emma welin, şu ada gelip düşenimiň ýigrimi dördünji ýyly, eger hasabym dogry bolsa, maý aýynda men ýabanylar bilen örän täsin ýagdaýda ýüzbe-ýüz boldum. O gürrüňi size, ýeri gelende, aýdyp bererin.

Şol on bäş aýyň dowamynda meniň beýnimi biçak uly galagoplyk gaplap alypdy. Uklap mazam ýok, uklaýmasam, elhenç düýşler görýärin we ýarygije allaniçigsi bolup, ýalpa gözümi açýaryn. Gündizlerine halys ugrumy ýitirip, akylym çaşýardy. Gijelerine, köplenç, düýşümde ýabanylary öldürýärdim, olary näme üçin öldürendigimi düşündirjek bolup kösenýärdim.

Ýöne häzirlikçe, başga bir wakany gürrüň bereýin. Maý aýynyň ortalarynda, eger meniň gün hasabyny ýöredýän köneje agaç kalendaryma ynansag-a, onda maý aýynyň hut 16-sy günüdi. Şol gün gök gübürdäp, ýyldyrym çakyp, güýçli tupan turdy. Gije tupan has-da güýjäp, beterine tutdy. Men öýümde özbaşyma gümra bolup, Injil okap, häzirki ýagdaýym barada çynlakaý pikirlere gümra bolup otyrdym. Birdenkä, göwnüme bolmasa, deňiz tarapdan top sesini eşiden ýaly boldum.
Şübhesiz, ol öň duş gelen garaşylmadyk wakalardan düýpgöter üýtgeşik täsinlikdi, sebäbi, top sesi mende has başgaça duýgular döredipdi. Men ýerimden atylyp turdum-da, gaýanyň somalyp çykyp duran ýerine göz açyp-ýumasy salymda merdiwany söýäp, ýokaryk dyrmaşdym. Ol ýere münüp, merdiwany çekdim-de, ony gaýanyň depesine söýäp, derrew gaýanyň gerşine gondum. Dek şol pursatda, uzakdaky tümlükde ot ýalpyldap gitdi-de, ýene ýarym minutdan topuň ikinji gezek atylan sesi eşidildi. Men gümmürdiniň gelen tarapyndan çen urup, topuň meniň gaýygymyň akyma düşen ýerinden, deňizden atylandygyny bildim. Şobada «Bir gämi heläk bolup barýandyr, gapdaly bilen gelýän başga bir gämiden kömek sorap top atýandyr» diýip çakladym. Şol jygba-jygally pursatda, sowukganlylygy elden bermän, «Meniň olara haraýym ýetmese-de, olaryň maňa kömegi degse gerek» diýip oýlandym. Onsoň men haýdaşlap, şol töwerekdäki gury şahalardan ýygnap bilenimi ýygnadym-da, gaýanyň çürbaşynda ullakan küde ýasap, oňa ot berdim. Gurap çakyry çykan odunlar şatyrdap, derrew tutaşdy. Hazlap öwüsýän ýeliň ýelginine garamazdan, ot gübürdäp ýanmaga başlady. Eger deňizde, hakykatdan-da, gämi bär bolsa, onda gämidäkiler meniň ýakan odumy hökman göräýmelidi. Ol şeýle hem boldy, sebäbi, ullakan alawlar asmana uzalyp başlan badyna, ilki bir gezek, soňra bolsa yzly-yzyna telim gezek gümmürdäp top atyldy. Olaryň barysy hem şol bir ýerden atylýardy. Men uzakly gije, tä daň atyp, gün dogýança, ody öçürmän sakladym. Jahan mazaly ýagtylyp, asmanyň ýüzi açylansoň, örän alysda, adanyň göni gündogar tarapynda, gäminiň ýelkenimi, göwresimi, garaz, bir zada gözüm düşdi. Dürbim bilen şunça synlasam-da, deňziň ýüzüni perdeläp duran ümür zerarly, onuň nämedigini saýgarar dagy eder ýaly däldi. Aralyk juda daşdy.
Men uzakly gün deňizdäki şol garam-guramy synladym we onuň hereketsiz durandygyny aňladym. Şoňa görä-de, men ol labyr atan gämidir diýen netijä geldim. Göreniň men-dä, onuň nämedigini biljek bolup, elime tüpeňimi alyp, adanyň günorta tarapyna, meni akymyň alyp gaçan gaýalygyna tarap ýüwürdim. Ol ýere baranymda, eýýäm ümür syrylyp, howa gowy açylypdy. Deňze tarap äňeden mahalym, gaýykly akyp giden gezegimde maňa duş gelen suwasty gaýalara urlup, ýarygije gark bolan bir gäminiň suduryna gözüm düşüp, ýüregim awap gitdi. Şol ýerdäki suwasty gaýalyklar akymyň badyny saklap, nähilidir bir garşydaş akym döredýärdi. Hut şol garşydaş akymyň kömegi bilen men ömrümdäki iň bir çykgynsyz ýagdaýdan sag-aman sypypdym.
Gör-ä muny, birini halas eden zat başga birini heläk edýär. Çaklaýşyma görä, ol adamlar özleriniň nirededigini bilmän, gündogar-demirgazykdan öwüsýän gazaply şemalyň ýelginine düşüp, suwuň aşagynda ýatan gaýalyklara gelip süsdürilen bolmaly. Eger-de gämidäkiler adany gören bolsady (olar görmedimikä diýýän), onda

olar deňze gaýyk goýberip, kenara çykmaga synanyşardylar. Ýöne meniň ýakan odumy görüp, olaryň top atyp, kömek soramagy welin kellämde birtopar sorag döretdi. Ilkibaşda, men olaryň ody gören batlaryna gaýyga münüp, kenara çykmaga synanyşandyklaryny, ýöne äpet gomlaryň aşagyna düşüp, gark bolandyklaryny göz öňüne getirdim. Soňra bolsa, gämi heläkçilige uçran mahaly, olar gaýyklaryny ýitiren bolaýmasyn diýen pikir kelläme geldi. Munuň her dürli sebäpleri bolup bilýärdi, meselem, deňiz gomlary çendenaşa güýçlenip, gämi ikibaka hallan atyp ugranda, kähalatlarda deňizçileriň gämidäki gaýyklary paltalap döwüp ýa-da bortdan aşyryp goýbermelerem bar. Belkem, gark bolan gäminiň yzy bilen başga-da gämiler gelýändir-de, olar bu gämiden atylýan howsalaly top seslerini eşidip, heläkçilige uçranlaryň barysyny eýýämhaçan alyp gidendirler. Ýa-da bolmasa, gämidäkileriň bary gaýyga münüp, açyk deňze çykandyr we edil meniň bolşum ýaly, akym ugruna ummanyň jümmüşine ygyp gidendir. Elbetde, o ýerde olara şum ajal gol bulaýardy. Belki, olar şu wagt açlykdan ýaňa ölere gelip, birek-biregiň etini çeýnemäge taýýarlanýandyrlar.

Bularyň barysy hälki bir çaklamady. Meniň ol görgülilere gynanyp, ýüregim awamakdan başga elimden geljek zat ýokdy. Şeýle-de bolsa, ol waka mende oňyn täsir hem galdyrdy. Şu gussaly ýaşaýşymda-da gursagyma şatlyk bilen rahatlyk guýýan Beýik Allatagala bolan şükrana yhlasym barha we barha güýçlendi. Sebäbi, dünýäniň şu çet künjeginde heläk bolan gämilerden bir menden başga halas bolan ýok. Men şul ahwalatda bir zada magat göz ýetirdim: biz hernäçe çekip-çydap bolmajak agyr ýagdaýa düşsek-de, özümizden has egbar ýagdaýdakylara seretmelidiris. Şonda, Allatagalanyň bizi nähili gorap, hemaýat berýändige göz ýetirip, şükür etmeli.

Bu gämidäkileriň ykbaly hem şeýle bolan bolmaly, olaryň aman galandygy barada pikirlenmegem mümkin däl. Bilelikde barýan başga bir gämi halas edendir diýäýmeseň, hernäçe ýagşy niýetde bolsam-da, olaryň barysynyň deňizde gark bolandygyna ynanmazlyk üçin hiç hili esas görünmeýärdi. Olaryň başga gämä münmek ähtimallygam juda ujypsyz, çünki kenarda başga gämiden galan hiç hili alamat göze ilmeýärdi.

Gäminiň beýdip göz-gülban halda çaýkanyp ýatyşyna garap, içimiň nähili ahmyrly tütäp, ot alandygyny düşündirmäge söz tapyp bilmeýärin. Men hyrçymy dişläp, birden-birden samraýardym: «Wah, arman, şu gämiden birki sany, ýok, ýok, iň bolmanda, ýekeje adam diri sypan bolsady. Ol maňa ýoldaş bolardy, oturyp gepleşerdik, içimizi döküp, derdimizi egserdik». Terkidünýälikde geçiren ýyllarymyň dowamynda men adamlar bilen gürleşmegi şol wagtkym ýaly küýsäp, şeýle ahmyr çekip, nalamandym.

Adamyň duýgularynda üns berilýän ýa-da üns berilmese-de, göz öňüne getirmek arkaly hyýalyňda janlanýan, belli bir maksada tarap syrygýan gizlin çeşmeler bolýar. Şeýle ýagdaýlarda ruhumyz hyýalymyzdaky maksada öwrülen şol närsäni şeýle bir hyjuw bilen bagryna basýar welin, şol närsäniň ýoklugy soňra biziň üçin uwnup-çydap bolmajak gam-gussa dönýär.

Iň bolmanda, ýekeje deňizçiniň halas bolmagyny islemegem şonuň ýaly arzuwdy. «Käşgä, ýekeje adam diri galan bolsady». Lap edip aýtdygym däl, «Ýekeje adam diri galan bolsady» diýen şol jümläni müň gezek gaýtalandyryn. Men şol sözleri hümürdeýärkäm, şeýle bir tolgunýardym welin, ýumruklarym berk düwlüp, barmaklarym elimiň aýalaryna girerli görünýärdi. Şol wagt gysymymda ýumşagrak bir zat bolan bolsady, onda ol gürrüňsiz kül-owram bolardy. Men dişlerimi şeýle bir gysypdyryn welin, esli salym äňimi hem açyp bilmedim.
Bolup geçýän şeýle hadysalaryň sebäplerini, aýratynlyklaryny derňäp öwrenmegi tebigatşynas alymlara goýalyň. Meniň bular barada aýdyp biljek ýeke zadym bar. Şol duýgynyň näme sebäpli ýüze çykýandygyny bilmesem-de, ilkinji duş gelenimde, ol meni aňk edip goýupdy. Şübhesiz, bu ahwalat özüm ýaly hristian adam bilen hal-ahwal soraşyp, gürrüňdeş bolmakdan dörejek teselliniň aňyma berk ornaşandygyndan hem-de şol arzuwymyň biçak güýçli bolandygyndandyr.
Emma ol arzuwym puç bolupdy. Ýa olaryň, ýa meniň ýa-da hem olaryň, hem-de meniň täleýim muňa ýol bermändi. Men adadaky durmuşymyň iň soňky ýylyna çenli şol gämiden halas bolan adamyň bardygyny-ýokdugyny anyklap bilmedim. Ýöne şol wakadan birnäçe gün geçensoň, gäminiň heläk bolan ýeriniň gabadyndaky kenarýakada gark bolan bir oglanjygyň jesedine duş gelip, men örän gynandym. Onuň egninde deňizçi kemzolyndan, dyzyna ýetip duran kendir jalbar bilen gök reňkli kendir köýnekden başga hiç zat ýokdy. Oglanjygyň haýsy milletdendigini anyklap boljak alamat gözüme ilmedi. Onuň jübüsinden iki sany piastr bilen bir şybyk tapdym. Men ol şybygy piastrlardan on esse eý gördüm.
Howa doly açyldy. Men töwekgelçilik edip, gaýygym bilen gämä baryp görmegi ýüregime düwdüm. Gämide meniň derdime ýaraýjak aňry-bäriniň tapyljagyna gözüm ýetikdi. Emma aslynda, meni gämä gitmäge mejbur edýän zat «Gämide, belki, diri galan adam bardyr» diýen inçejik tamady. Eger şeýle bolsa, men diňe ony halas etmän, eýsem, özüme ýoldaş edindigim boljakdy. Şol pikir meniň ýüregimi heýjana salýardy. Indi gaýygyma münüp, gark bolan gämä baryp görmesem, gije-gündiz maňa ýatuw bolmajagy bellidi. Göze görünmeýän bir ýerden gelene çalym edýän şol duýgym şeýle bir güýçlüdi welin, oňa garşy durmak mümkin däldi. Şeýle bolansoň, men Allany çagyryp, ýüzüşiň hyýalyna münüpdim.
Şol täsiriň itergisi bilen, men öz galajygyma bakan howlukdym. Ýüzüş wagty gerek boljak ähli zatlary taýýarlamaga girişdim. Men ýanyma biraz çörek, bir hum küýze süýji suw, ugur kesgitlemek üçin kompas, bir çüýşe rom (olar ammarda üýşüp ýatyrdy) hem-de bir sebet kişmiş aldym. Şeýlelikde, men mazaly ýükümi tutup, gaýygyma tarap ýola düşdüm. Kenarýaka baryp, gaýygyň içindäki suwy serpip aýyrdym-da, ony deňze goýberdim. Onsoň bar goşumy gaýyga daşap, ýene ýük getirmek üçin öýüme dolandym. Bu gezek men bir halta tüwi, saýawan, ýene-de bir suwly küýze, ýigrimi bäş töweregi kiçijik çörek, has dogrusy, arpa külçe hem-de bir çüýşe geçi süýdi bilen bir tokga peýnir alyp gaýtdym. Bularyň barysyny gaýyga eltýänçäm, gara-suw bolup, juda kösendim. Men Biribardan ak ýol diläp, ýüzüşe başladym. Kenary syryp, ahyrsoňy adanyň demirgazyk-gündogar tarapyndaky iň çetki nokada baryp ýetdim. Indi şondan aňyrlygyna, açyk ummana çykmalydy. Men

töwekgelçilik etsemmikäm-etmesemmikäm diýip, böwrüme diň saldym. Şonda, hol öňräkde, adanyň iki tarapyndanam çasly akýan güýçli akymlara seredenimde, ozal ýüzbe-ýüz bolan howply ýagdaýym güpbe ýadyma düşdi-de, öňki gorkularym ör boýuna galdy. Sebäbi, şol akymlaryň islendik birine düşäýsem, ummanyň jümmüşine tarap akyp gitjegim, belkem, ýene-de adany gözden ýitirjegim, onsoň, sähel gaý turdugy, çaklaňja gaýygymyň suwa gapgaryljagy eýýäm görnüp durdy.
Bu pikir kellämi şeýle bir çaşyrdy welin, men bar zady goýbolsun etmäge hyýallandym. Gaýygymy kenara ýanaşdyryp, bir duralgajykda daňdym. Onsoň gaýykdan düşdüm-de, tümmek çägeligiň üstünde çök düşüp oturdym. Ýüzüş baradaky höwes bilen gorkynyň arasynda göwnüm bölünip, agyr oýa batdym. Pikir ýumagyny çözläp oturşyma, deňizde daşgyn başlap, suwuň göterilenini hem duýman galypdyryn. Indi, deňze çykmak üçin ýene birnäçe sagat garaşmaly boljakdy. Şol mahal beýigräk bir depä çykyp, daşgyn wagtynda akymlaryň ugrunyň nähili üýtgeýändigini synlamak pikiri kelläme geldi. Dogrudan-da, haýsy akymyň haçan gämä çenli ugrubir äkidip, haýsy akymyň haçan gämiden ada çenli ugrubir alyp gaýtjakdygyny kesgitlemek mümkindi. Şu pikir kelläme gelen badyna, adanyň iki tarapyna-da abanyp oturan bir depä gözüm düşdi. Şo taýdan daşgyn mahaly akymlaryň haýsy ugra gönügýändigini mese-mälim görüp, gaýdyşyn haýsy ugry saýlap almalydygyny anyklasa boljakdy. Men depä dyrmaşyp, ummana esewan edenimde, gaýtgyn akymynyň günorta kenaryň, daşgyn akymynyň bolsa, demirgazyk kenaryň golaýyndan geçýändigine göz ýetirdim. Gaýdyşyn diňe demirgazyk kenary nazarlap ýüzmelidigime düşündim. Ol tüýs meniň oňarjak zadymdy.
Men şu açyşdan ruhlanyp, ertesi ir bilen gaýtgyn başlan dessine ýola düşmegi ýüregime düwdüm. Soňra şinelimi ýapynyp, gijäni gaýygymda ýatyp geçirdim we ir bilen deňze ýüzüşe çykdym. Men ilkibaşda gaýygymy göni demirgazyga tarap gönükdirdim we gündogara tarap akýan akyma baryp düşýänçäm şol ugur boýunça ýüzdüm. Ol akym meni diýseň çalt äkidip başlady, ýöne onuň bady öňki sapar meni tiz akdyryp, gaýygy dolandyrmagyma päsgel beren günorta akymyň bady ýaly güýçli däldi. Men küregimi edil rul ýaly ulanyp, göni gämä tarap okgunly barýardym. Iki sagada ýetip-ýetmän, men gäminiň alkymyna bardym.
Gämi diýseň gözgyny haldady. Gurluşy boýunça ispanlaryňka çalym edýän ol gämi iki sany gaýanyň aralygyna pugta gysylyp durdy. Deňiz gäminiň yzky bölegini durşuna dyr-pytrak edipdir. Ýokarky palubanyň burun tarapy zarp bilen gaýalara süsňäp urupdyr-da, grot-bogaldak bilen fok-bogaldak jorta omurlyp, palubanyň üstünden gaýdypdyr. Ýöne gäminiň buşpriti abat eken, gäminiň burun böleginiň ýagdaýy hem ganymat görünýärdi. Men gämä ýakynlaşan wagtym, palubanyň üstünde bir it peýda boldy. Ol meniň gelýänimi görüp, waňkyryp, çyňsamaga başlady. Meniň el bulanymy gören dessine, ol it özüni suwa oklap, maňa tarap ýüzüp gaýtdy. Men ony derrew gaýyga mündürdim. Ol janawar açlykdan-suwsuzlykdan ýaňa tas ölen eken. Men onuň öňüne bir külçejik okladym welin, ol edil garyň astynda iki hepde aç seňkildän möjek ýaly bolup, külçäni lak-luk atdy. Men oňa azajyk suw içirdim. Öz erkine goýsaň, ol görgülijik ýarylýança suwdan ganjak däldi.

Soňra men gäminiň üstüne mündüm. Ilki bilen gözüme ilen zat — gark bolan iki sany adamyň jesedi boldy. Olar kambuzyň içinde bir-birine mäkäm gyslyşyp ýatyrdy. Men «Gämi gaýalaryň arasynda gapjalyp galan mahaly, gaý-tupan möwç alýandygy sebäpli, deňiz yzygiderli göterilendir we äpet gomlar üznüksiz eňterilip duransoň, gämi edil suwuň aşagyna giden ýaly, agzy-burny bilen suwdan dolandyr-da, ondaky adamlar nalaç gark bolandyr» diýen netije geldim (hakykatdan-da, şol pikiriň jany bardy). Gämide ýaňky itden başga diri jandar galmandyr. Gözüme ilen harytlaryň barysy suwa ezilip, harap bolupdyr. Deňiz peselendigi sebäpli, trýumda çakyrmy, brendimi, garaz, nämedigi näbelli birgiden içgi guýlan çelekleriň togarlanyşyp ýatanyny görmek bolýardy. Ol çelekler şeýle bir mähnetdi welin, biderek iş edineniňe degjek däldi. Ol ýerde birnäçe sandyk hem bardy. Men olar deňizçileriňkidir diýip çak etdim-de, içinde näme bardygyna-da seretmän, iki sanysyny gaýygyma ýükledim. Eger gäminiň yzky bölegi bilen burun tarapyny ýaňadan abatlap bolsady, onda, ähtimal, ony ýüzdürip äkidip, tütjar baý bolardym. Sebäbi, gaýyga oklan iki sany sandygymdan çykan zatlara seretseň, onda gämide örän köp genji-hazyna bolmalydy. Gäminiň ugrundan çen tutsaň, onda ol Günorta Amerikadan, Braziliýanyň aňyrsyndaky Buenos-Aýres ýa-da Rio-de-le-Plata şäherinden gelip, Meksika aýlagyndaky Gawanna adalaryna, belkem, ol ýerdenem Ispaniýa barýan bolmalydy. Gürrüňsiz, gämi örän köp hazyna äkidip barýan bolmalydy, ýöne heläkçilik wagtynda onuň hiç kime nepi degmändir. Gämidäki adamlara näme bolanynam bir Allanyň özi bilýärdi.

Men sandyklardan başga-da, spirtli içgiden doly kiçeňräk çelejik tapdym. Onuň göwrümi ýigrimi gallon töweregi bolsa-da, barybir hyklap-çoklap, gaýyga eltýänçäm, hupbat baryny berdi. Kaýutada birnäçe muşket hem-de içi ýörite därili şah bar eken. Gerek bolmansoň, muşketleri goýdum-da, därili şahy aldym. Zerur bolansoň, gyzgyn kömürleri agdarmak üçin bir kepje bilen bir sany atyşgir, olardan başga-da, sary misden ýasalan iki sany gazanjyk, kakao gaýnadyp, süýjülik ýasanar ýaly bir mis golça hem-de kakmaç bişirmek üçin bir maňňal aldym. Oňa çenli daşgyn hem başlady. Onsoň men ýaňky sanan ýüklerim bilen iti alyp, öýe tarap gaýykly ýüzüp gaýtdym. Gije sagat bir bolanda, halys surnugyp, sütünim süýüp, ada dolanyp geldim. Men gijäni gaýykda ýatyp geçirdim, irden bolsa, ýanymdaky oljalary galajygyma däl-de, täze tapan gowagyma daşamagy ýüregime düwdüm. Ertirlik edinenimden soňra, gaýykdaky ýükleriň barysyny kenara düşürdim we olary birujundan gözden geçirip ugradym. Çelejigiň içinde rom bar ekeni, ýöne gönüläp aýtsam, ol Braziliýada içilýän rom bilen deňäniňde, hälki bir ýuwundy ýalydy. Sandyklardan welin, tüýs derdime ýaraýjak zatlary tapdym, meselem, olaryň birinde uçursyz owadan, nepis nagyşlar bilen sünnälenip ýasalan, çüýşe salynýan gapyrjak bar eken. Gutynyň içindäki lowurdaşyp duran çüýşelere her dürli ajaýyp içgiler guýlupdyr. Her çüýşäniň daşyna kümüş çaýylandy. Soňra iki guty mürepbe hem tapdym. Gutularyň gapagy jebis ýapylansoň, deňziň şor suwuny geçirmän saklapdyr. Emma başga iki sany gutynyň içine suw girip, mürepbeleri zer-zaýa edipdir. Men birnäçe oňat köýnek tapyp, örän begendim. Ondan başga-da, on bäş-ýigrimi sany ak reňkli kendir elýaglyk bilen her dürli reňkli boýunatgyçlar hem bar eken. Howanyň yssy günlerinde ýüzümiň derini

sylmak üçin ol boýunatgyçlar tüýs jüpüne düşüpdi. Sandygyň düýbüne ýetenimde, üç sany ullakan pully haltanyň durandygyna gözüm düşdi. Olarda jemi bir ýüz piastr bar eken. Haltalaryň birinden kagyza dolangy alty sany altyn dublon bilen, jemi agramy, takmynan, bir funta barabar guýma altyn çykdy.

Beýleki sandykdan çykan horaşaja geýim-gejimler onçakly däldi. Megerem, ol sandyk gäminiň topçusynyň şägirdine degişli bolmalydy. Onuň içinden, gerek bolan wagty, aw tüpeňlerine guýmak üçin niýetlenip, üç sany haltajyga guýlup goýlan iki funt töweregi oňat däri çykdy. Gepiň tümmegi, bu gezekde alyp gaýdan goşlarymyň arasynda derdime ýarajak zat örän az boldy. Pul barada aýtsam, ony sowar ýaly ýer ýokdy. Men teňňe-tyllany aýagyma ýelmeşen palçykça-da görmedim. Indi ençeme ýyl aýagyma degmedik üç-dört jübüt iňlis aýakgaby hem-de joraby üçin, men şol pullary başybitin bermäge taýýardym. Dogrusy, gämide ölüp ýatan iki sany adamyň aýagyndan çykaryp alan iki jübüt aýakgabym bardy. Sandyklaryň birindenem ýene iki sany aýakgap tapypdym. Elbetde, olar meniň gözüme degdi, ýöne ýumşak çaryga çalymdaş ol aýakgaplar rahatlygy, berkligi boýunça iňlis aýakgaplarynyň ýele ýanyndanam geçmeýärdi. Sandykdan ýene-de elli töweregi teňňe pul çykdy, ýöne olar altyn däl eken. Ähtimal, bu sandyk pukara bir adamyňkydyr. Beýlekisi bolsa, haýsydyr bir serkerdäniňki bolmalydy.

Gepi uzaldyp oturmaýyn, men ol teňňeleri aldym-da, edil öňki gämiden alan pullarym ýaly, gowagyň bir künjüne eltip taşladym. Emma, aýdyşym ýaly, gäminiň yzky böleginde nesibämiň bolmandygyna gynandym. Ýogsam, gaýykly birnäçe gezek gatnap, ep-esli tylla-teňňäni gowagyma basyp goýardym. Onsoň, bardy-geldi, Angliýa özümi atyp bilsem, onda tä yzyma dolanyp alyp gidýänçäm, ol hazyna gowagymda başybitin durjakdy.

## XIV BAP

Şol goş-golamlaryň barysyny gizlin gowaga daşanymdan soň, täzeden gaýygyň ýanyna dolanyp geldim. Men gaýygy kürekläp, adanyň ýakasyny syryp gitdim-de, ony öňki duralgasyna eltip goýdum. Soňra göni öýüme tarap gaýtdym. Ol ýerde bar zat asuda, gülala-güllük ekeni. Onsoň men dem-dynjymy alyp, ýene öňki parahat durmuşyma başladym we hojalyk işleri bilen gyzyklanyp ugradym. Men birnäçe wagt örän imi-sala ýaşadym. Ýöne indi öňküden has ätiýaçly hereket edýärdim, daşaryk kän çykmaýardym we daş-töweregimi has hüşgärlik bilen synlaýardym. Käte-käte gezmäge çykasym gelende, hemişe diýen ýaly adanyň gündogar tarapyna gidýärdim. Sebäbi, ol ýere ýabanylaryň aýak sekmeýändigine edil bäş barmagym ýaly beletdim. Şonuň üçinem, adanyň beýlek künjeklerine gidenimde bolşy ýaly, elmydama ýanym bilen tüpeňdir ok-däri göterip ýörmeli bolmaýardym, gereginden artyk seresaplylyk hem etmeýärdim.

Men ýene iki ýyl şeýdip ýaşadym, ýöne ömürboýy ýagyr bolup ýaşamak üçin dünýä inendigimi ýatladyp durýan şu garabagt kelläme, şol iki ýylyň dowamynda, şu adadan gaçyp sypmak barada müň dürli hyýal gelýärdi. Kämahallar ispan gämisine ýene bir gezek baryp gaýtmagy ýüregime düwýärdim. Paýhasym bolsa, o taýda indi özümi töwekgelçilige salar ýaly suwytly zat galmandygyny aýdýardy. Şonda-da, başymy

alyp, bir o tarapa, bir bu tarapa ýüzüp gidiberesim gelýärdi. Sale şäherinden gaçanymdaky barkasym bolan bolsady, onda soňuny saýman, açyk deňze çykjagyma we nirä bolsa şoňa bolsun diýip ümdüzine gitjegime tüýs ýüregimden ynanýardym.

Gürrüň beren ähli ýagdaýlaryma seredeniňde, meni gaýgy-gussalaryň deň ýarysynyň gözbaşy bolup durýan umumyadamzat keseline ýolugan adamlar üçin sapak bolarlyk nusga hasap etse boljakdy. Kesel diýýänim, Allanyň we tebigatyň adamlara mynasyp gören närseleri bilen kanagat etmezlik keselidir. Sebäbi, meniň öz geçmişime garap, ilkibaşdaky hal-ýagdaýymy görmediksirän bolmagym, kakamyň şol ýerlikli öwüt-ündewlerini pitiwa etmän, gaýtam olaryň tersine gitmekligim — ine, meniň eden iň uly etmişimdi. Üstesine, şol zeýilli başga ýalňyşlyklar hem ara girensoň, häzirki betbagt ýagdaýa düşüpdim. Çünki Biribarň özi maňa Braziliýada bagtyýar mülkdar bolmagy miýesser edipdi, göwün islän zatlaryma gowuşdyrypdy. Şol wagt päkize zähmete gümra bolup ýörmäge kanagat eden bolsadym, häzir, has dogrusy, adada ýaşan döwrümiň dowamynda, Braziliýanyň iň bir abraýly fermerleriniň birine öwrülerdim. Şol ýerde gysga wagtyň içinde gazanan üstünliklerimi, eger gaýtmadyk bolsam, gazanyp biljek pullarymy hem üstüne goşup hasaplanyňda, şu pille ýüz müň altyn moýdora barabar baýlygyň eýesi bolup, gaýşaryp ýörmelidim. Ekin-dikini, ugrugyp, bol hasyl berýän atyzlarymy taşlap, hebeşi gul söwdasyna baş goşup, gäminiň baş ýükçüsi bolup, Gwineýa gitmek, ýeri, nä körüme gerekdi diýsene? Wagtyň geçmegi hem-de päk zähmet çekmek bilen biziň girdejimiz köpelerdi, isledigimizçe gul-gyrnagy öýde oturan ýerimizdenşol işiň söwdagärlerinden satyn alyp bilerdik ahyryn. Belki ol birneme gymmada düşerdi, ýöne gul söwdasyna girişip görjek peýdamyz şonça töwekgelçilige ýüz uranyňa degjek däldi.

Emma, şu hili ýeňleslik, galapyn halatda, ýaşlaryň ýazgydy bolansoň, onuň pähimsizlikdigine göz ýetirmek üçin ýa-ha aradan köp ýyllaryň geçmegi ýa-da juda gymmada düşen durmuş tejribesini gazanmak gerek bolýar. Bu meniň üçinem şeýle bolupdy. Barybir ýalňyş iş etmek şeýle häsiýetime siňipdir welin, men günüme kaýyl bolman, gije-gündiz şu adadan gaçyp gitmegiň küýünde gezýärdim. Men, elbetde, öz hekaýamyň galan bölegini gürrüň bersem okyjynyň göwnünden turjagyny bilýän, ýöne ilki bilen şu ýerden gaçyp gutulmak baradaky oýlanyşyksyz planymy, ilkinji garaýyşlarymy, haýsy esasa görä hereket edendigimi aýdyp bermek biçeme bolmasa gerek.

Şeýlelikde, heläk bolan gämä baryp gaýdanymdan soň, galajygymda ornaşdym we gaýygymy öňki ýerinde goýup, ozalky durmuşyma dolanyp geldim. Aslynda men öňkimden has baýdym, ýöne edil Peruda ýaşaýan ýerli indeýleriň ispanlar gelýänçä altyn-kümüşe pisnt etmeýişleri ýaly, baýlygymdan maňa haýyr ýokdy.

Şu terkidünýälik adasyna gelip düşenimiň ýigrimi dördünji ýylynyň mart aýynda, ýagyşly möwsümiň bir gijesidi. Men öz torsallançagymda süýnüp ýatyrdym. Oýadym, saglygym tut ýalydy, agyry-ynjym, birahatlygym ýokdy. Ýöne, şonda-da, gözüme çiş kakylan ýalydy. Men uzakly gijäni çirim etmän geçirdim.

Şol gije beýnimiň esasy akabasy bolan huşumda tüweleý turuzan hetdi-hasaby ýok pikirleri düşündirip çykmak mümkin däl. Şu ada gelenimden öňki we soňky bütin ömür ýolumy birin-birin göz öňüme getirdim. Men ada gelen günümden bäri

başymdan geçen wakalar hakynda oýlanyp, şu ýerde ýaşan ilkinji ýyllarymdaky bagtyýarlygym bilen çägäniň ýüzünde aýak yzyny görüp başdan geçiren gorkudyr ünjülerimi we goşmaça hysyrdylarymy deňeşdirdim. Men aýak yza duşanymdan öňki döwrüň dowamynda ýabanylaryň bu ada gelip gidendiklerine, ýüzlerçe ýabanynyň kenara çozup geljekdigine ynanman duramokdym. Ýöne bu ähtimallykdan hiçhili habarym bolmandy, men asyl gorkmalydyr hem öýtmändirin. Ol howp şolugyna duran-da bolsa, meniň göwnüm bir ýaly bolupdyr. Howpdan bihabar bolamsoň, ol edil ýok ýaly, gülüp-oýnap gezipdirin. Bu ýagdaý örän peýdaly pikirleri, ylaýta-da aşakdaky pikiri kelläme getirdi. Perwerdigär ynsanlary dolandyranda, olaryň wakalar hakyndaky garaýyşlaryny we maglumatlaryny şeýlekin dar çygyrda gabap goýmak bilen, gör, nähili ýagşylyk edipdir. Adam ogly san-sajaksyz howplaryň arasynda ýaşap ýörýär. Eger ol şol howplary öňünden görsedi, onda onuň halys akyly çaşyp, hezili gaçardy. Daş-töweregini gallap alan howp-hatarlaryň hiç haýsysyny bilmeýändigi, hadysalaryň arka ýüzüni görmeýändigi sebäpli, adam bende örän parahat we asuda ýaşaýar.

Şu oý-pikirlere gümra bolup ýatyşyma, men bu adada hiç bir zatdan gypynç etmän, arkaýyn gezip ýören wagtym, şunça ýyllap nähili uly howpuň astynda ýaşandygym barada çynlakaý oýa batdym. Meni ýabany adamhorlaryň eline düşmekden, iň bir pajygaly heläkçilige duçar bolmakdan, belkem, bir baýryň gerşi, ullakan bir agaç ýa-da gijäniň düşmegi halas edip galandyr. Olar meni geçi ýa-da pyşdyl awlanymdaky ýaly tutup, edil meniň kepderleri ýa-da ýylkyçy guşlary öldürip, etini iýmegi jenaýat hasap etmeýşim ýaly, meniň özümi öldürip, iýmegi jenaýat hasap etjek däldiler. Men nähili betbagtçylyklardan halas bolandygymdan bihabar ýaşapdyryn ekenim. Munuň üçin, men öz bendelerini gorap saklaýan Biribara tüýs ýüregimden şükür edip, Onuň huzyrynda tagzym etmedim diýsem, bimamla bolaryn. Ol garaşyk etmedik bolsady, meniň ol rehimsiz ganhorlaryň gysajyna düşjegim gutulgysyzdy.

Bu pikirlerim birneme köşeşeninden soňra, betpäl mahluklaryň, ýagny wagşylaryň edim-gylymlary hakynda oýlanmaga başladym. «Külli älem-jahanyň hikmetli Perwerdigäri näme üçin öz käbir bendeleriniň şu zeýilli adamzat sypatyny ýitirip, hatda barypýatan mahluga öwrülip, öz jynsdaşlarynyň etini iýjek derejede öz başyna goýberýärkä?» — diýip, men öz-özüme ýüzlendim. Ýöne bu netijesiz soraga (şol wagtlykça) jogap tapyp bilmedim. Soňra «Bu ýabanylar dünýäniň haýsy böleginde ýaşaýarka? Ol ýer meniň adajygymdan näçeräk uzaklykdaka? Öýlerini taşlap, nämäniň hatyrasyna şunça ýol söküp gelýärkäler? Nähili gaýyklary barka? Olaryň şu ýere gelşi ýaly, menem ýol şaýymy guratlap, olaryň ýaşaýan ýerine baryp görsem niçik bolarka?» diýen sowallar kelläme ýagyp ugrady.

Men ýabanylaryň ýurduna baran mahalym näme edip, näme goýjagym, olaryň eline düşäýsem maňa näme boljagy ýa-da üstüme çozaýsalar nädip gaçyp sypjagym barada pikirlenjek bolup azara-da galmaýardym. Ol zatlar beýle-de dursun, men asyl o taýyk baryp ýetmegiň, ýerlileriň islendik bir taýpasy üstüme hüjüm edäýse, goranyp aman galmagyň mümkindigi-däldigi dogrusynda hem oýlanmaýardym. Bagtym getirip, ýabanylaryň eline düşmän sypaýanymda-da, aňyrda näme iýip-içjegim, haýsy kurs boýunça ýüzüp gitjegim hem belli däldi. Bu pikirleriň hiç haýsysy ýadyma-oýuma

düşmeýärdi, ýöne öz gaýygym bilen materige ýüzüp barmak baradaky arzuwym welin, barha güýçlenýärdi. Men öz şol wagtky ýagdaýyma bolup biläýjek iň betbagtçylykly ýagdaý hökmünde garaýardym. Ölüp dynaýmakdan başga elimden geljek zat ýokdy. Göwnüme bolmasa, materigiň kenaryna baryp ýetsem, nähilidir bir kömege duş geläýjek ýalydym. Belkem, Afrikanyň kenarýakasyndaky ýaly, tä adam ýaşaýan bir ýeriň üstünden barýançam, gury ýeri gyraklap gidibersem biçeme boljak däldi. Kim bilýär, ýol ugruna meni hem alyp gitjek bir ýewropaly gämä duş gelerin. Eger beterinden beteri bolup, janymdan el üzmeli bolaýsam, onda şu ýalançynyň azabyndan-güzabyndan dyndygym boljakdy. Okyjynyň bir meselä üns bermegini towakga edýärin. Meniň şol ruhy ahwalym — halys kelebiň ujuny ýitiren pähim-paýhasym bilen bisabyr häsiýetimiň miwesidi. Uzak wagtdan bäri dowam edip gelýän howsalalarym hem-de gark bolan gämä baranymda başdan geçiren lapykeçligim ýüregimdäki ody birsyhly ölçerýärdi. Şol gämide näçe wagtdan bäri tüýs ýüregimden arzuw edip ýören zadyma, has dogrusy, meniň bilen gepleşip, meniň nirede ýerleşýändigimi hem-de bu ýerden nädip gidip boljakdygyny aýdyp biljek diri adamlara sataşmaga örän golaýlaşypdym. Şu hili pikirler meniň ýüregimi myncgalaýardy. Akyl parahatlygym, Beýik Allatagala bolan tabynlygym we Ondan gelýän hökümlere imi-sala garaşyp oturmak häsiýetim birhili paýawlan dek bolupdy. Materige bakan gaýykly ýüzüp gitmek baradaky islegimden başga bir ýere ünsümi sowmaga mende hiçhili erk-ygtyýar ýok ýalydy. Ol isleg meni şeýle bir aldym-berdime salýardy welin, asyl onuň garşysynda durar ýaly däldi.

Iki sagatdan gowrak wagtlap aňymy gozgalaňa salan oý-pikirler şeýle bir ganymy gaýnatdy welin, içimdäki adatdandaşary tolgunma zerarly ýüregimiň urşy çaltlanyp ugrady. Men göýä ysytma tutan ýaly gagşap ýatyşyma, pikir ýadawlygyndan ýaňa halys sütünim süýnüp, süýji uka gidip, düýş gördüm. Huşumdaky howsalaly pikirler düýşüme girendir öýdüp çaklamagyňyz mümkin. Ýöne ol beýle bolmady. Men düýşümde ne-hä ol pikirleri gördüm, ne-de olar bilen baglanyşykly zatlary. Ol düýbünden başga hili düýşdi. Men, adaty bolşy ýaly, ir bilen galajygymdan çykyp, ýöräp barýarmykam diýýän. Men birdenkä iki sany gaýygyň kenara ýanaşandygyny we gaýyklardan on bir sany ýabanynyň düşendigini gördüm. Olar öldürip iýmek üçin başga bir ýabany adamy ýesir edip äkelipdirler. Birden ýaňky ýesir tarsa ýerinden turdy-da, güýjünde baryny edip, aýagaldygyna gaçmaga başlady. Ukynyň arasynda, ol adam howlymyň öň ýanyndaky gür tokaýjyga gaçyp gizlenýärmikä diýýän. Men onuň ýeke özüdigine we yzyndan kowup gelýän kowguçylaryň ýokdugyna görüp, öňünden çykyp, oňa ýylgyryp seredýärmikäm, köşeşdirjek bolýarmykam diýýän. Ol meniň öňümde dyza çöküp, özüne kömek etmegim üçin ýalbarýan ýalydy. Onsoň men oňa öz merdiwanymy görkezdim-de, haýatdan dyrmaşdyryp, howlynyň içine saldym we gowaga eltdim. Soňra ol meniň hyzmatkärim boldy.Men ol ýabanyny öz ygtyýaryma geçirenimden soňra: «Ine, indi materige bakan ýüzüşe çyksa-da bolar. Hyzmatkärim losman bolar we näme etmelidigini, ýabanylara şam bolmazlyk üçin haýsy jelegaýlardan gaça durmalydygyny, nirä baryp, nirä barmaly däldigini öwreder» — diýip, içimi gepletdim. Şol pursatda-da, men ukudan oýandym. Men düýşümde halas bolmak umydyndan dörän begenjimden ýaňa şeýle bir aýdyp-diýip

düşündirip bolmajak ýakymly täsirleri başdan geçirýärdim welin, ukudan oýanan wagtym onuň ýöne bir düýşdügine göz ýetiren badyma, örän lapykeç bolup, gam laýyna batdym.

Emma welin, şondan soňra, men şeýle netijä geldim: ýagny, bu ýerden gaçyp sypmak üçin meniň ýeke-täk çykalgam bir ýabany adamy ele salmak bolup durýardy. Eger başaryp bilsem, adamhorlaryň öldürip iýmek üçin, elini-aýagyny daňyp getirýän ýesirlerinden birini halas etjek bolmalydym. Ýöne bu planymy amala aşyrmaga päsgel berýän bir kynçylyk bardy: maksadyma ýetmek üçin ýabanylaryň tutuş bir otrýady bilen garpyşyp, olary uçdantutma gyrmagyň hötdesinden gelmelidim. Munuň özi barypýatan pähimsizlikdi, bolaryndan bolmazy ýakyndy. Üstesine nähak ýere gan dökmegiň adalatly bolup-bolmajagy barada hem juda ikirjiňlenýärdim. Öz janymy halas etmek üçin şonça adamyň ömür tanapyny üzmek meniň ýüregime endiredýärdi. Şu planyň garşysyna kelläme gelen tutaryklary ozal aýdyp berendigim sebäpli, indi olary gaýtalap oturmakçy däl. Aslynda, men bu ýere gelýän ýabany adamlaryň meniň janyma howp salýandygy, ellerine düşäýsem, meni gowrup iýjekdigi, şol hili ölümden aman sypmak üçin etjek islendik synanyşygymyň, sözüň hakyky manysynda, meniň özümi goramaklygym diýlip hasap ediljekdigi, olaryň özi üstüme çozuş etse-de, etmese-de, barybir bir gün öz janymy halas etmek üçin olary öldürmeli boljakdygym barada birgiden sebäp sanap biljekdim. Ýöne, barybir, öz başymy gutarmak üçin adam ganyny dökmeklik maňa örän eýmenç bolup görünýärdi. Şonuň üçinem, men bu pikir bilen kän wagtlap ylalaşyp bilmedim.

Şeýle-de bolsa, men öz-özüm bilen dygysyz çekeleşip, bir o ýana, bir bu ýana agyp-dönenimden soňra, ahyrsoňunda, meniň halas bolmak baradaky alawlap tutaşýan islegim kellämde at salýan beýleki delillerdir sebäplerden üstün çykdy. Onsoň men her edip, hesip edip, şol ýabanylaryň birini ele salmagy pugta ýüregime düwdüm. Indi bu plany nädip amala aşyrmalydygy hakynda oýlanmalydy we ol diýseň kyn meseledi. Kelläme hiç hili göwnejaý pikir gelmänsoň, men ýabanylaryň kenara haçan gelýändigini bilmek üçin hemişe garawulçylyk çekmeli hem-de şol wagtky şertlere görä hereket edip, galanyny wakalaryň ösüşine galdyrmaly diýen netijä geldim.

Şonlukda men mümkin boldugyça ýygy-ýygydan kenarýakada garawulçylyk çekmäge başladym. Bukalgama şeýle bir köp gatnaýardym welin, ahyrsoňy ol meniň halys ýüregime düşüp ugrady. Men şeýdip bir ýarym ýarym ýyldan gowrak garaşyp gezdim. Şol döwrüň aglaba böleginde, men her gün diýen ýaly, ýabany adamlaryň gaýyklaryny görjek bolup, adanyň günbatar we günorta-günbatar ujuna gatnaýardym. Ýöne içiňi ýakaýyn diýen ýaly ýekeje gaýyk hem göze ilmeýärdi. Soňabaka, bu şowsuzlyk örän lapymy keç edip, janymy ýakyp ugrady. Ýöne, elbetde, ozalky lapykeçligimiň tersine, men bu gezek öz planymy bir gyra goýmadym. Gaýtam, men oňa ikelläp ýapyşdym. Gaýyklaryň gelşi näçe gijikdigiçe, meniň hyjuwym şonça möwç alýardy. Bir söz bilen aýdanyňda, şindi ýabany adamlar bilen ýüzbe-ýüz bolmak baradaky höwesim ozallar olary görmekden, olaryň gözüne ilmekden gaça durmaga bolan meýlimden has rüstem gelýärdi.

Mundan başga-da, men «ýabanylaryň birini, belkem, ikiüç sanysyny ele salyp gul edinäýsem, onda olar bir diýenimi iki gaýtalatman işlemegi hem-de maňa gyýa göz

bilen seretmezligi öwrederin» diýip, göwün ýüwürdýärdim. Men şol işi bilen gümra bolup ýörşüme, ençeme aýlar aýlanyp, günler dolanypdy, ýöne ne gelýän bardy, ne-de gidýän. Meniň ähli arzuwlarym we planlarym puç bolupdy. Indi ençe wagtdan bäri ýabany adamlar gara bermeýärdi.

Şol planlarym bilen bir ýarym ýyl töweregi güýmenip gezenimden soň, men indi olaryň ýöne bir gury hyýaldygyna ynanyp başlapdym. Şol günleriň birinde ir säher bilen adanyň meniň ýaşaýan tarapymdaky kenarynda azyndan bäş sany boş gaýygyň durandygyny görüp haýran galdym. Olarda ýüzüp gelen ýabanylar nirädir bir ýere siňen bolmalydy. Ýabanylaryň sanynyň köp bolmagy meniň bar hasaplarymy bulam-bujar etdi. Men olaryň gaýyga hemişe dört ýa-da alty adam, käteler bolsa has köp bolup münýändiklerini eýýäm bilýärdim. Men ýigrimi-otuz sany adamyň garşysyna ýeke özüm näme etjegimi kesgitläp bilmän, elimi-aýagymy ýitirip, galajygymda aljyraňňy we çalam-çaş halda ýere çökdüm. Emma, her niçik-de bolsa, öňden taýynlap goýan goranyş meýilnamamy berjaý edip, islendik hüjüme gaýtawul bermäge taýýarlanyp ugradym. Men ýabanylaryň sesleri gelermikän diýip, esli salym diňşirgenip garaşyp duranymdan soň, takat edip bilmän, tüpeňlerimi merdiwanyň gapdalyna söýedim-de, adaty bolşy ýaly, iki aşyrymda merdiwana dyrmaşyp, gaýanyň depesine ýetdim. Ýöne, duşmana görünmejek bolup, kelläm ýokaryk zomap çykyp durmaz ýaly edip saklandym. Men elime dürbimi alyp, synlamaga başladym. Ýabanylar, bolmady diýeniňde, otuz adam töweregi eken. Men olaryň kenarda ot ýakyp, etmi,nämemi, bir zatlar bişirmek bilen başagaýdygyny gördüm. Olaryň anyk näme bişirýändigini, nähili bişirýändigini aňşyryp bilmedim. Olaryň hemmesi oduň daşynda halka bolup, öz wagşy dessurlaryna görä, birgeňsi böküşip, towsuşyp tans edýärdiler.

Men dürbim bilen olary synlap durkam, soýmak üçin getirileni mese-mälim bolup duran, eli-aýagy daňylgy iki sany görgüli biçäräni gaýygyň içinden süýrekläp düşürendiklerini gördüm. Serdesse ýa-da tagta gylyç bilen urdularmy, nämemi, ýesirleriň biri şolbada palçyldap ýere ýazyldy. Ýabanylaryň adam öldürişi şeýle bolarlydy. Iki-üç sany adam derrew onuň iç-goşuny çykaryp, etini böleklemäge başlady. Beýleki görgüli bolsa, öz nobatyna garaşyp, bir gapdalda som-saýak bolup durdy. Edil şol pursatda, el-aýagynyň ýüpi çözülip, özüni az-kem erkinlikde duýan ýaňky ýesir, ýüreginde dörän ýaşamak umydy bilen, birdenkä öňe okduryldy-da, çägeli kenaryň ugry bilen ýazzyny berdi. Ol şeýle bir çalt ylgaýardy welin, gözüňe ynanar ýaly däldi. Ol göni maňa, has dogrusy, meniň howlymyň ýerleşýän tarapyndaky kenara bakan ýüzin salyp gelýärdi.

Boýnuma alaýyn, onuň maňa tarap şapadaňlap gelýänine gözüm düşen wagty, ýabanylaryň barysyny yzyna düşüp gelýändir öýdüp, meniň huşum başymdan göçüp, ýüregim agzyma geldi. Gören düýşümiň birinji bölegi oraşan bolup çykypdy. Şoňa seretseň, onda ýüwrüp gelýän ýabany meniň tokaýjygyma gaçyp gizlenmelidi. Emma welin, men düýşümiň ikinji bölegine, ýagny ýabanylaryň gaçgagy yzarlap bu ýere gelmejekdigine bil baglap biljek däldim. Men, her niçik-de bolsa, öz postumy taşlaman garaşyp başladym. Kowguçylaryň iki-üç sanydygyny görenimde, men az-kem dogumlandym. Gaçyp gelýän ýabanynyň kowguçylary tozana garyp, ep-esli

öňden gelýänini görüp, doly arkaýynlaşdym. Ol ýene ýarym sagatjyk şol tizligini saklap gaçyp bilse, onda onuň gaçyp sypjagy äşgär görnüp durdy.
Gaçha-kow bolşup gelýän ýabanylar bilen meniň galajygymyň arasynda bir buhtajyk düşýärdi (okyjynyň ýadynda bolsa, hekaýamyň başynda gämiden goş-golam daşaýşym barada gürrüň berenimde, ol buhtajyk hakynda aýdyp beripdim). Men gaçgak biçäräniň hökman şol buhtajykdan ýüzüp geçmelidigini, ýogsam onuň ele düşjekdigini äşgär gördüm. Ol daşgyn wagtydygyna garamazdan, ýüzüniň ugruna özüni suwa urdu-da, takmynan otuz gulaçda bärki kenara çykdy we ýene aýagaldygyna ylgamaga başlady. Kowguçylar buhtajyga ýeten mahaly, olaryň iki sanysy derrew suw böküp ýüzüp ugrady. Üçünji ýabany ýüzüp bilmeýän bolara çemelidi, ol kürtdürip durdy-da, öz ýoldaşlarynyň yzyndan garady. Soňra bolsa, äwmezeklik bilen mytdyldap, yzyna dolandy. Munuň bähbide çekendigi bahym belli boldy.
Suwa böken iki kowguçynyň bärki tarapa ýüzüp geçmek üçin gaçgakdan iki esse köp wagt sarp etmeli bolandygy meniň ünsümi çekdi. Birdenkä şu wagt özüme hyzmatkär, belkem, dost ýa-da kömekçi gazanmak iň amatly pursadyň gelendigi barada mylaýym pikir meni biygtyýar gurşap aldy. Hakykatdan-da, Biribaryň özi meni bu görgüli bendäniň janyny halas etmäge çagyrýan bolmalydy. Men derrew merdiwandan düşüp, onuň düýbünde gaýa söýäp goýan iki sany muşketimi garbap aldym-da, ýene ýokaryk gaýanyň depesine dyrmaşdym. Soňra gaçgagyň öňüni gyýalap, deňze tarap ylgadym. Men baýryň ýapgydyndan gönüläp eňaşak okduryldym we gaçgak bilen kowguçylaryň göni arasyna baryp düşdüm. Men gaçgagyň yzyndan zowladyp gygyranymda, ol ýalta bärisine garady-da, ilkibaşda, göwnüme bolmasa, menden kowguçylardan gorkuşyndan bäş beter gorkup giden ýaly boldy. Men elimi bulaýlap, ony özüme tarap çagyrdym we kowguçylara bakan alňasaman ýöräp ugradym. Olaryň öňden gelýäni golaýyma ýetiberende, men ur-tut öňe topuldym-da, ony tüpeňin gundagy bilen urup, ýere ýazdym. Men beýleki ýabanylar sesini eşider öýdüp, tüpeň atasym gelmedi. Aslynda, tüpeň sesini ýabanylaryň munça aralykdan eşitmegi onçakly mümkin däldi, onuň tüssesi hem görünjek däldi, ýöne men barybir çekinýärdim. Yzdan gelýän ýabany ýoldaşynyň ýykylanyny görüp gorkdumy-nämemi sakga durdy welin, meniň özüm onuň üstüne eňdim. Ýöne, golaýlaşan wagtym, onuň elinde ok-ýaý bardygy we ýaýyny maňa çenäp, peýkam atmaga çemeleşýändigi gözüme ildi. Onsoň men öňürtmeli boldum we ony bir okda ýere serdim.
Gaçgak görgüli gözüniň öňünde iki duşmanynyň-da ýere ýykylyp ölenini gören wagty aýak çekdi-de, tüpeňiň sesinden we çabrap giden ýalnyndan gorkup, dikilgazyk ýaly sömelip duruberdi. Ol ne-hä aňyrlygyna ädim ädip bilýärdi, ne-de bärligine. Ýöne, sähel tebil tapdygy, meniň ýanyma gelmän ökje götärli görünýärdi. Onsoň men oňa gaýtadan gygyryp, ýanyma gelmegi üçin elim bilen yşarat etdim. Ýabany adam muňa düşündi-de, maňa tarap azajyk ýöräp saklandy, soňra ýene azajyk ýöräp, ýene saklandy. Şol wagt men onuň özüni ýesir düşen hasap edip, edil iki sany duşmanyny ölürişim ýaly, özüni hem öldürjek bolýandyryn öýdüp galpyldaýandygyny saýgardym. Men ony ýene-de öz ýanyma çagyrdym we elimi

bulaýlaşdyryp, başardygymdan ýüreklendirmäge çalyşdym. Ol öz janyny halas edendigime minnetdarlyk bildirýändiginiň alamaty hökmünde her on, on iki ädimden bir dyzyna çöküp, barha we barha golaýyma geldi. Men oňa hoşamaý seredip ýylgyrdym we has-da ýakynlaşmagyny yşarat etdim. Ahyrsoňy, ol ýanyma geldi we ýaňadan dyzyna çöküp, ýeri ogşady. Kellesini ýerde goýup, aýagymdan tutdy-da, kellesiniň üstünde goýdy. Çaky, bu hereket onuň maňa hemişelik gul bolmaga ähdi-peýman edýändiginiň alamaty bolmalydy. Men ony ýerinden turuzdym-da, üsti-başyny kakyşdyrdym we başardygymdan arkaýynlaşdyrmaga synanyşdym.Ýöne, meniň entek etmeli işlerim bardy, sebäbi tüpeňimiň gundagy bilen urup ýere ýykan ýabanym ölmän, ýöne seňseläpdi. Ol indi ýuwaş-ýuwaşdan essine aýylyp ugrapdy. Men elimi uzadyp, onuň heniz ölmändigini, halas eden ýabanyma görkezdim. Onsoň ol düşnüksiz dilde maňa birzatlar aýdyşdyrdy. Düşünip bilmesem-de, onuň aýdan sözleri gulagyma örän ýakymly eşidildi. Çünki, öz sesimi hasap etmäniňde, ýigrimi bäş ýyldan gowrak wagt bäri ilkinji gezek adam sesini eşidipdim. Emma, şu wagt bu zatlaryň pikirini edip oturmagyň wagty däldi. Seňselän ýabany adam özüni dürsäp, eýýäm dikelip otyrdy. Men öz ýabanymyň oňa gözi düşüp, gorkmaga başlandygyny gördüm. Onsoň, ony köşeşdirjek bolup, ikinji muşketimi ýerde oturan ýabana çenedim. Şonda meniň ýabanym (men indi ony şeýle atlandyrýardym) kemerime gysdyrylgy ýalaňaç gama tarap elini uzadyp, ony bermegimi ümleşdirdi. Men hem oňa gamamy berdim. Ol gamany alyp-alman, duşmanynyň üstüne okduryldy we Germaniýadaky islendik jellada gaýra dur diýdirjek çalasynlyk bilen onuň kellesini edil pyzlawuk kädi ýaly togalap goýberdi. Henize, bu güne çenli tagta gylyçdan başga zat görene çalym etmeýän bu ýigidiň sowuk ýaraga şeýle ussatlyk bilen erk etmegine men örän haýran galdym. Elbetde, wagtyň geçmegi bilen men ýabanylaryň tagta gylyçlary bir urguda kelläni, goly kesip taşlar ýaly, berk agaçdan kesgir we agyr edip ýasaýandygyny bildim. Ol işini bitirensoň, göwnühoş halda ýyrşaryp, ýanymageldi-de, bir topar düşniksiz hereketler edişdirip, ýaňky ýabanynyň kellesi bilen gamany gülçüldedip aýagymyň astyna oklady.

Ýöne ony has geň galdyran zat — meniň beýleki ýabanyny şonça aradaşlykdan nädip öldürendigim boldy. Ol eli bilen ümleşdirip, şol jesediň ýanyna barmaga rugsat sorady. Menem özümçe ümläp, oňa rugsat berdim. Ol jesediň ýanyna bardy-da, haýran galyp synlamaga durdy. Meniň ýabanym ony bir eýlesine öwürdi, bir beýlesine öwürdi. Gülläniň böwsüp geçen ýarasyny synlaşdyrdy. Gülle göni kükrekden parran geçip, yz ýasapdyr ekeni. Kän gan akmansoň, içerki ganama bolandyr diýip çaklamak boljakdy, sebäbi jeset bireýýäm sowapdyr ekeni. Ol jesediň ýanyna bardy-da, haýran galyp synlamaga durdy. Meniň ýabanym öliniň ýaýyny we peýkamlaryny alyp ýanyma geldi. Men ol ýerden daşlaşmak üçin yzyma öwrüldim we oňa-da «yzyma düş, başga kowguçylaryň gelmegi ahmal» diýen terzde elimi salgaşdyrdym.

Şol wagt, ol beýleki ýabanylar aňtap geläýen ýagdaýynda, meýitleri görmez ýaly, olary çägä gömeli diýip, eli bilen her hili yşaratlar edişdirdi. Men hem «bolar» diýen äheňde şol bir hereketleri gaýtaladym. Onsoň ol işe girişdi we sanlyja salymyň içinde eli bilen çägäni köwüp, bir adam sygarlyk çukur gazdy. Soňra birinji ölini süýräp,

çukura taşlady-da, üstüne çäge sürdi. Ol beýleki ölini hem şeýdip çägä duwlady. Ýalňyşmaýan bolsam, ýabany iki jesedi on bäş minut çemesi wagtyň içinde jaýlap dyndy. Onsoň men ony gaýtadan çagyryp, galajygyma däl-de, adanyň beýleki ujundaky gowagyma alyp gitdim. Şeýlelikde, men düýşümiň soňky böleginiň oraşan bolmagyny, ýagny ýabany adamyň meniň tokaýjygyma gaçyp gelmeginiň öňüni aldym.
Gowaga baran wagtymyz men oňa çörek bilen bir hoşa kişmiş hödür etdim, içmäge suw berdim. Sebäbi ol gaçan wagty, ýadap, halys tapdan gaçan ekeni. Ýabany mazaly iýip-içip, gurplanansoň, men oňa yşarat edip, gowagyň künjegindäki şaly sypaldan düşelen düşejigimi we ýorganymy görkezip, ýatyp dem-dynjyny almagyny ümledim. Bu ýere meniň özüm kämahallar ýatmaga gelýärdim. Görgülijik ümsüm düşege süýndi-de, şol bada süýji uka gitdi.
Ol görmegeý, on iki süňňi jaýba-jaý, boýy-syraty gelşikli, edil guýlan kenek ýaly berdaşly ýigit ekeni. Daş keşbine seretseň, ol ýigrimi alty ýaşlarynda bolmalydy. Onuň ýüzi ýakymlydy, hyýrsyz ýa-da gyňyr däldi, erkek adama mahsus bolan gaýduwsyzlyk bardy. Şeýle-de bolsa, ol ylaýta-da ýylgyran wagty onuň keşbine edil ýewropalylaryňky ýaly mylaýymlyk we ýumşaklyk çaýylýardy. Onuň uzyn gara saçy ýüň ýaly buýra-buýra däl-de, gönüdi. Uzyndan gelen giň maňlaýy bardy. Endamynyň reňki hüýt-gara däl-de, garaýagyzdy. Ýöne, ol braziliýalylar, wirjiniýalylar we Amerikanyň beýleki ýerli halklary ýaly sargylt öwüsýän myrtar garaýagyz reňkde däl-de, ýaldyrap duran külreňk zeýtun reňklidi. Nähili düşündirjegimi bilemok, ýöne onuň ten reňkinde örän täsin öwüşgin bardy. Onuň ýüzi tegelek dolmuşdy. Kiçijik burny hebeşileriňki ýaly paşşyk däldi. Biçüwli agzy, inçe dodaklary bardy. Seteran dişleri misly şirmaýy dek lowurdaýardy.
Ol ýarym sagada golaý uklap, has dogrusy, irkilip gözüniň awusyny alansoň, gowakdan çykyp meniň ýanyma geldi. Men gowagyň beýle ýanyndaky agylda geçi sagyp otyrdym. Ol maňa gözi düşeninden ylgap gelip, ýene ýere süýndi. Maňa minnetdarlyk duýýandygyny görkezmek üçin kiçigöwünlilik bilen her dürli geň-taň hereketler edişdirdi. Ol iň soňunda başyny aýagymyň ýanyna ýere goýdy we ozal edişi ýaly beýleki aýagymy galdyryp, kellesiniň üstünde goýdy. Soňra bolsa, ömürboýy maňa nähili hyzmat etjekdigini görkezýän hem-de hormaty, tabynlygy we hyzmat etmegi aňladýan hereketler etdi. Men onuň aýtmak isleýän zatlarynyň köpüsine düşündim we ondan göwnümiň bitendigini, hoşal bolandygymy ümleşdirdim. Sähel salymyň içinde men onuň bilen gepleşmäge başladym we meniň bilen gepleşmegi öwredip ugradym. Ilki bilen, men oňa Anna diýip at goýandygymy düşündirdim. Men ony hepdäniň anna güni halas edipdim we şol günüň hormatyna öz ýabanyma şeýle at goýupdym. Soňra, meniň oňa «hojaýyn» diýen sözi öwretdim, ol sözüň meniň adymdygyny düşündirdim. Şeýle hem, oňa «hawa» we «ýok» diýmegi hem-de şol sözleriň manylaryny ýat tutdurdym. Men oňa toýun küýzede süýt hödürledim we oňa görkezmek üçin, küýzeden süýt içdim, süýde nan batyryp iýdim. Soňra oňa ýaňky iýip-içişimi gaýtalar ýaly bir bölek çörek berdim. Ol bolşy-bolşy ýaly edip, süýdüni içip, çöregini iýdi-de, özüniň biçak hoşal bolandygyny ümleşdirip düşündirdi.

Men gijäni onuň bilen gowakda ýatyp geçirdim; daň atyp, jahan ýagtylan dessine men oňa yzyma düşmegini, özüne geýim-gejim berjegimi ümläp düşündirdim. Ol muňa biçak begendi, sebäbi ol çuw-ýalaňaçdy. Biz onuň iki sany ýabanyny gömen ýerine ýeten mahalymyz, ol göni şol ýere barmagyny çommaltdy. Ol asyl guburlaryň ýeri belli bolar ýaly ýörite çelgiler goýan ekeni. Ol ümleşdirip, jesetleri gazyp çykaryp, etini iýeli diýip yşarat etdi. Men muňa biçak gaharlanyp, ýüzümi-gözümi çytdym. Beýle zada aňrym bärik gelip, ýüregimiň bulanýandygyny äşgär etdim. Onsoň, oňa «bärik gel» diýen terzde elimi salgadym welin, ol gulak asyjylyk bilen ylgap ýanyma geldi. Men ony duşmanlarynyň gidip-gitmändigini biler ýaly baýryň depesine alyp çykdym. Men dürbimi çykaryp, ýabanylaryň düşlän ýerine birlaý synladym, olaryň ne özleri, ne-de gaýyklary göze ilýärdi. Olaryň yzda galan iki sany ýoldaşlaryny gözlejegem bolman, bu ýerden ýüzüp gidendikleri mese-mälim görnüp durdy.
Emma men ol açyş bilen ynjalmadym. Indi has batyrgaýlanypdym, ýüregim bilesigelijilik bilen gürsüldeýärdi. Men öz hyzmatkärim Annany ýanyma alyp, onuň eline gama bilen ýaýy tutdurdym, peýkamly sagdagy egninden asdym. Ol peýkam atmaga biçak mergen ekeni. Men iki sany tüpeňi özüm alyp, üçünjisini hyzmatkäre götertdim. Şeýlelikde biz iki bolup, adamhor wagşylaryň meýlis guran ýerine bakan ýola düşdük. Olar barada has anyk maglumat ýygnamagy ýüregime düwüpdim. Ol ýere baryp ýeten mahalymyz kenardaky elhençligiň yzlaryna gözüm düşende, gorkudan ýaňa dili gurap, doňup galdym. Hakykatdan hem, ol örän eýmenç görnüşdi, iň bolmanda ol meniň üçin şeýledi. Annanyň bolsa göwni bir ýalydy. Çägesöw gumaşagyň ähli ýerinde adam süňkleri sergi bolup ýatyrdy, toprak gan bilen ýugrulypdyr. Eýläk-beýläk çala iýlen, ütüm-ýolum edilen, oda daglanan tokga-tokga adam etleri zyňlypdyr. Wagşylaryň öz duşmanlaryndan üstün çykmagynyň şanyna guralan ýeňiş meýlisiniň ähli alamatlary görnüp durdy. Men üç sany kelleçanak, bäş sany el, üç-dört sany aýak süňki bilen ýene birgiden beden agzasyny gördüm. Anna ümleşdirip, ýabanylaryň meýlisde iýmek üçin dört sany adam getirendiklerini, olaryň üç sanysynyň iýlendigini we barmagy bilen özüni görkezip, dördünji adamyň özüdigini düşündirdi. Gep salgysyndan, iki sany goňşy taýpanyň kethudanyň arasyna tow düşüpdir-de, soňy urşa ýazypdyr. Anna-da şol taýpalaryň birine degişli ekeni. Onuň taýpasy ýeňlişe sezewar bolup, köp adam ýesir düşüpdir. Ýeňijiler ellerine düşen ýesirleri iýmek üçin, dürli-dürli ýerlere meýlis guramaga gidipdirler. Bu ýere gelen topar hem şolaryň biri ekeni.
Men Anna ähli kelleçanaklary, süňkleri, et böleklerini we beýleki beden agzalaryny bir ýerik üýşürip, üstünde ullakan ot ýakyp, hemmesine küle öwürmegi tabşyrdym. Men Annanyň ol etlere agzyny suwardyp, ýalmanjyraýandygyny, onuň henizem adamhorlyk edähedinden üzňeleşmändigini gördüm. Ýöne meniň beýle zat barada sähelçe pikirlenmegi, iň ýönekeýje bir alamatyny görmegi nähili ýigrenýändigimi belli edemsoň, ol şol häsiýetini ýüze çykarmaga het edip bilmedi. Sebäbi, eger şonuň ýaly zada milt edäýse ony öldürjekdigimi eýdip-beýdip oňa ýaňzydypdym.
Biz ol işi biryüzli edip, galajyga gaýdyp geldik. Onsoň men wagt ýitirmän hyzmatkärimi eginbaşly etmegiň ugruna çykdym. Ilki bilen, men oňa gämide heläk

bolan biçäre topçynyň sandygyndan tapan kendir jalbarymy berdim. Eýlesini-beýlesini gyrkyşdyryp ýamaşdyrdym welin, ol Anna ylaýyjak şapylaşyp duruberdi. Soňra men oňa geçiniň derisinden, başardygymça, bir keltekçe tikip berdim (indi meniň tikinçiligim hiç neneň däldi). Towşan derisinden tikilen ykjam, owadan başgaby kellesine geýdirdim. Şeýlelikde, ony birkemsiz geýindi diýip hasaplasa boljakdy. Özüniň edil hojaýyny ýaly geýnendigine begenýändigi ýüz-gözünden bildirip durdy. Dogry, ol birbada özüni biçak ebeteýsiz duýdy. Jalbar geýmek ony juda biynjalyk edýärdi. Keltekçäniň ýeňleri onuň eginlerini, goltuklaryny gysyp durdy. Men eşikleriň gysyp agyrdýan ýerlerini az-kem giňeldişdirdim, onuň özem uzagyndan öz täze lybaslaryna gowy öwrenişip gitdi.

Öýe gelenimiziň ertesi güni hyzmatkärimi nirä ýerleşdirsemkäm diýip pikirlenip ugradym. Hem onuň, hem-de meniň arkaýyn ýaşamagymyz üçin, howlynyň iki haýatynyň arasyndaky boş ýere kiçijik çadyr gurdum. Şol zolagyň gaýa direýän ýerinde gowaga girilýän sümelge bardygy üçin, sümelgäniň biraz iç tarapyna gabsa goýup, ýasy tagtalardan gapy ýasadym. Gapy gowaga tarap açylyp-ýapylýardy. Men gije düşdügi ol gapyny sürgi bilen içinden ýapyp goýýardym we merdiwany howlynyň iç ýüzüne geçirýärdim. Şeýlelikde, Annanyň içerki diwardan aşyp, howla girmegi mümkin däldi, aýdaly, giräýeninde-de, onuň güpür-tapyryna men hökman ukudan oýanjakdym. Sebäbi içerki diwaryň üsti tutuş çadyrymy saýalap duran, baýryň gerşine baryp direlýän uzyn pürslerden ýasalan bassyrma bilen doly ýapylandy. Pürsleriň üstüne insizje tagtalara derek, ýogynja şahalar keseligine oklanandy. Olaryň üstünden bolsa, gamyş ýaly berk şaly sypallaryndan küde-küde basyp, galyň bassyrma ýasapdym. Bassyrmanyň diwara direýän bir gyrasynda merdiwana münüp-düşer ýaly bir deşik açyp, ol ýere ýokarlygyna açylmaýan, aşaklygyna zor salnan wagty bolsa, dikaşak güpürdäp gaýdar ýaly duzakly gapajyk goýupdym. Ýaraglarym barada aýtsam, gije ýatan mahalym olaryň barysyny hemişe öz ýanymda saklaýardym.

Annanyň maňa bolan hyjuwsyz, öýke-kinesiz, päkýürekli, boýun synyjy baglylygy bardy. Ol edil perzendiň kakasyna baglanyşy ýaly, maňa tüýs ýüreginden baglanypdy. Onuň islendik ýagdaýda, her näme bolanlygynda, meni halas etmek üçin öz janyny orta goýjakdygyny çekinmän aýdyp biljekdim. Bu barada şübhelenmezligim üçin onuň ençeme hereketlerine salgylanmak mümkindi.Men gysga wagtyň içinde ondan goranmak üçin alada galyp ýörmeli däldigime göz ýetirdim.

Men onuň bu bolşuna seredip, ýygy-ýygydan haýran galyp oýa batýardym. Takdyryndan sowal soralmaýan Biribaryň öz höküm ýöredýän işlerinde öz ýaradan bendeleriniň aglaba bölegini öz ruhlarynyň tap ýetirjek güýçlerinden, öz ukyplaryny iň ajap görnüşde ulanmakdan mahrum galdyrandygy, ýöne bize bagyş edişi ýaly şol bir güýji, akyl-paýhasy, şol bir mähir duýgusyny, şol bir tabynlyk we mylaýymlyk duýgularyny, şol bir etmişlerden ökünmek hijuwyny, minnetdarlyk, şükür edijilik, päk ýüreklilik gymmatlyklaryny, Biribaryň bize beren ýagşylyk etmek we ýagşylygy ýerine salmak borjuny bu ýabanylara hem bagyşlan bolsady, bütin şol duýgularyny ýüze çykarmaga olara-da mümkinçilik beren bolsady, onda bu wagşylar hem iň

bolmanda bizçeräk, hatda bizden has öteräk derejede, mynasyp görnüşde ulanjakdygy barada pikirlenýärdim. Men şeýle pikirlere üstümi basdyryp, kähalatlarda ýüze çykyşy ýaly, üstüne ullakan ýol görkeziji şamçyragyň — ylahy ylhamyň şöhlesi düşýän ukyplarymyzy Biribaryň kelamyny okap kuwwatlandyrmakdan geçen, gaýtam tersine, ähli şol güýçlerimizi neneňsi bisarpa ulanýandygymyza göz ýetirip gaýgy-gussa batýardym. «Gudraty güýçli näme sebäpli şu hili halas ediji pikirleri millionlarça adamdan pynhan saklaýarka? Aslynda şu wagşy biçärä seredip, gelen netijäme görä, bu ýerdäki ýerli adamlar şol duýgularydyr maglumatlary bizden has ýagşy ulanardylar» diýip, içimi gepledýärdim.

Şondan soň, men käwagtlar hetden aşyp ylahy häkimiýetiň çäklerini bozup ugradym. Beýdip käbir zatlary käbir bendelere görkezip, käbirlerinden gizleýän, onsoň iki topara hem şol bir borjy ýükleýän adalatdan zeýrenmäni çykardym. Emma men uzaga çekdirmän öz pikirlerimi bir bogdaga çugdamladym: birinji bilen, biz bu adamhorlaryň haýsy hikmete we kanuna görä beýle ýazgarylandygyny bilmeýäris. Üstesine-de, Allatagalanyň barlygy hökmanydyr we birkemsiz kämilliginiň esasynda Ol mukaddesdir we adalatlydyr. Şol sebäpli, bu adamlaryň Biribardan bihabar bolup galmaklygy, Allanyň Kitabynda aýdylyşy ýaly, olaryň ýazykly işe baş goşmaklaryna esas bermeýär, sebäbi adamlar öz akyllaryny ulanyp, Onuň özbaşyna aýratyn bir kanun bolup durýan nura — özwyždanlaryna gulak salmaly. Ol nuruň — wyždanyň nähili hakykata esaslanýandygyny bilmesek-de, ol şonlugyna galýandyr. Ikinjiden bolsa, biziň ählimiz edil küýzegäriň elindäki toýun ýalydyrys. Hiç bir küýze küýzegäre «Meni näme üçin pylan hili ýasadyň» diýmäge haky ýokdur.

Indi, täze ýoldaşyma dolanyp geleliň. Meniň Annadan doly göwnüm bitipdi. Onuň hyzmata gaýym, çakgan we hemişe kömek etmäge taýýar bolup ýetişmekligi üçin, men iş edinip, oňa ähli gerekli zatlary öwretmäge girişdim. Ylaýta hem, ony gepletjek bolýardym, geplän halatym gepimi düşündirjek bolýardym. Anna örän düşbülik bilen öwrenýärdi. Ol hemişe şähdaçykdy, zähmetsöýerdi. Maňa düşünen wagty ýa-da men oňa düşünen wagtym ol monça bolýardy. Onuň bilen gürleşmek maňa juda ýaraýardy. Indi meniň ýaşaýşym şeýle bir ýeňilleşip ugrapdy welin, men öz-özüme ýabanylaryň howpundan arkaýyn bolsam, onda şu adada ömürlik galmaly bolsam-da gam çekmerin diýmäge başladym.

## XV BAP

Galajyga dolanyp gelenimden iki-üç geçensoň, men Annany elhenç usulda naharlanmakdan hem-de adam etine tamşanmakdan saplamak üçin oňa başgaçarak etleri iýdirmegiň ugruna çykdym. Onsoň bir gün irden ony ýanym bilen tokaýa alyp gitdim. Meniň niýetim sürüdäki owlaklaryň birini öldürip, etini öýe äkelip, nahar bişirmäge taýýarlanmakdy. Men agyla baran wagtym ene geçiniň kölegede ýatandygyny gördüm. Onuň gapdalynda iki sany owlajygy çök düşüp otyrdy. Men Annanyň elinden tutdum-da, «Dur, butnaýma» diýip, duran ýerinden gymyldamazlygyny yşarat edip ümledim. Soňra dessine tüpeňimi çenedim-de, mäşäni gysyp, owlaklaryň biriniatyp öldürdim. Görgüli hyzmatkärim ozal öz

duşmanyny — ýabany adamhory öldürişimi uzak aralykdan gören-de bolsa, näme bolandygyna düşünmän galypdy. Ol asla onuň gözüniň öňüne-de gelmändi. Bu gezegem ol geň galmakdan ýaňa sandyrap, yranjyrady we agaç ýuwdan ýaly bolup duruberdi. Anna ýa-ha meniň atan owlajygymy görmedi ýa-da ony öldürendigimi aňşyryp bilmedi. Ol ýaralanyp-ýaralanmanyny barlajak bolup kemzolynyň içini sermeleşdirdi. Özüni öldürmegi ýüregime düwendirin öýdüp, güman etdimi nämemi, ýanyma gelip dyzyna çökdü-de, aýagymy gujaklap, birtopar düşnüksiz zatlar samraşdyrdy. Onuň özüni öldürmezligim üçin ýalbarýandygy görnüp durdy.
Men basym Anna haýjyk-hujuk edip, oňa erbetlik etmejekdigimi ynandyrdym. Ony elinden tutup, ýerinden turuzdym-da, atyp öldüren owlagyma tarap elimi uzatdym. Men ylgap, owlajygy alyp gaýtmagyny buýranymda, ol tabşyrygymy derrew ýerine ýetirdi. Anna owlagyň nädip ölendigine akyl ýetirjek bolup eýlesine-beýlesine seredişdirip durka, men tüpeňimi täzeden okladym. Şol pursatda beýleräkde, ok atym aralykda bir agajyň üstünde gonup oturan gyrga meňzeş ullakan bir guş gözüme kaklyşdy. Onsoň men näme etjek bolýanyma düşüner ýaly, Annany ýanyma çagyrdym we agaçda oturan guşa bakan barmagymy çommaltdym. Gyrgydyr öýtsem-de, ol asyl totuguş ekeni. Men Anna ilk bilen totuguşy, soňra tüpeňimi, iň soňunda bolsa agajyň düýbüni görkezip, oňa guşy nädip ýere gaçyrjakdygymy düşündirmäge synanyşdym. Ahyrsoňy, ol meniň ol guşy atjak bolýandygymy aňşyrdy. Onsoň men, ol seredip durka, tüpeňiň mäşesini gysdym welin, Anna totuguşuň ýere patylap gaçanyny gördi. Şunça düşündiren-de bolsam, ol ýene gorkana meňzeýärdi. Şeýle-de bolsa, Anna tüpeňimiň içine hiç zat salmandymy görensoň, has-da haýran galdy. Ol tüpeňde ýakyn-da bolsa, daş-da bolsa adamlary, ýyrtyjylary, guşlary we islendik başga jandarlary öldürip, ölüm bilen weýrançylyk ýagdyrýan jadyly bir güýç bardyr öýdýärdi. Ol özünde dörän tolgunma duýgusyndan ep-esli wagtlap saplanyp bilmedi. Eger rugsat beren bolsam, onuň maňa hem-de meniň tüpeňime çokunyp, togap etmegi hem daş daldi. Anna şol wakadan soň, ençeme günläp tüpeňimi ellemäge-de gorkup gezdi. Emma görgüli hyzmatkär bir özi galan wagty tüpeňim bilen edil ol jogap berýän ýaly gümür-sümür edýärdi. Ol pahyr asyl özüni öldürmesin diýip, tüpeňe ýalbarýar ekeni. Men ony soň bildim. Indi waka dolanyp geleliň. Annanyň haýran galmak duýgusy az-kem peselişensoň, men oňa ylgap baryp, ýaňky atan guşumy alyp gaýtmagyny buýurdym. Ol derrew ylgap gitdi, ýöne biraz eglenmeli boldy. Sebäbi çalajan ýatan totuguş aşak gaçan ýerinden hol beýläge tarap pasyrdyklap gaçypdy. Emma, Anna ony barybir gözläp tapdy-da, meniň ýanyma äkeldi. Men şol ikiarada pursatdan peýdalanyp, edil öňki gezekdäki ýaly oňa görkezmän tüpeňimi ikilenç okladym. Men indi nobatdaky islendik nyşanany atyp ýykmaga taýýarlandym, ýönegözüme ilen zat bolmady. Onsoň men hälki owaljygam alyp öýe gaýtdym we agşamlyk onuň hamyny sypyryp, başardygymdan etini bölekleşdirdim. Soňra çemelije bir gazany alyp, içine birneme et okladym-da, örän süýji çorba gaýnatdym. Men çorbany öňüme alyp iýmäge başladym we Anna-da bir tabak hödür etdim. Ol muňa näçe diýseň begenip, çorbany hezil edinip iýdi. Ýöne meniň çorba duz goşanymy görüp, ol biçak geň galdy. Anna maňa duz iýmegiň gowy däldigini ümläp yşarat etdi. Ol bir çümmüjek duzy agzyna guýdy-da, gaýtarjak

bolýan ýaly ögäp, tüýkürinjiredi, agzyny süýji suw bilen çaýkady. Men bolsam, öz gezegimde bir bölek et alyp, üstüne duz sepmän iýen boldum-da, edil onuň özi ýaly ýüzümi turşudyp, tüýkürişdiren boldum. Emma, baybir munuň peýdasy bolmady. Hyzmatkärim etine-de, çorbasyna-da duz seperli bolmady, ýöne soňlugy bilen azajygam bolsa, duz iýmegi öwrendi.

Men öz hyzmatkärimi gaýnadylan etli çorba bilen naharlanymdan soň, ertesi gün oňa owlak etini daglap bermegi ýüregime düwdüm. Men ýanyp duran oduň iki tarapyna gazyk kakdym-da, olaryň üstünden bir taýagy kese goýup, oňa bir sany çiş berkitdim. Angliýada köp adamlaryň şol usuldan peýdalanýandygyny görüpdim. Onsoň owlagyň etini şol çişden ötürip, oduň üstünde usuljak bilen aýlamaga başladym. Anna muny görüp örän begendi we haçan-da bişen eti dadyp gören wagty maňa ony nähili halandygyny düşündirjek bolup, oda-köze düşdi. Men birbada aňşyryp bilmesem-de, ol ahyrsoňy indi hiç haçan adam etini iýmejekdigini düşündirmegi başardy. Muny eşitmek meniň üçin diýseň ýakymly boldy.

Şol günüň ertirligi men oňa sokuda biraz däne döwdürdim, ozalky gürrüň berşim ýaly edip, un eletdim; ol ylaýta-da öz edýän işiniň manysyna, ýagny çörek bişirmelidigine göz ýetirensoň, gysga wagtyň dowamynda däne döwüp, un elemäge meniňçeräk ezber boldy. Soňra men nähili hamyr ýugrup, çörek bişirmelidigine hem öwretdim. Sanlyja hepdäniň içinde Anna meniň edýän işlerimiň barysyny etmäge ökdeläp gitdi.

Men indi iki sany agzy eklemeli boljakdygym barada oýlanyp ugradym. Hasyly köpeltmek üçin öňküden has uly atyza has köp däne sepmelidi. Şeýle bolansoň, men has giň meýdançany çelgiläp çykdym-da, daşyna ozalkylar ýaly haýat aýlamaga girişdim.Anna hem bu işe diňe bir uly höwes hem-de janypkeşlik bilen däl, eýsem çäksiz şadyýanlyk bilen ýapyşdy. Men oňa öz edýän işimiziň düýp manysyny, ýagny çörek bişirmek üçin arpadyr şaly ekýändigimizi, sebäbi indi onuň meniň bilen ýaşaýandygyny, şonuň üçin-de bol hasyl almalydygynydüşündirdim. Ol hem öz gezeginde bu barada juda paýhasly hereket edip, maňa özi sebäpli gereginden artyk kösenip işleýändigimi, eger näme etmelidigini aýtsam, meniň üçin ölerini-galaryny bilmän işlejekdigini düşündirdi.

Şol ýyl meniň ada gelip düşelim bäri geçiren iň ajaýyp ýylym boldy. Anna indi arkaýyn geplemegi başarýardy. Meniň mümkinçilik tapyp adyny tutan zatlarymy hem-de ony iberen ýerlerimiň hemmesiniň atlaryny düşünýärdi. Men bilenem eňegi dynman lakgyldaşýardy. Gepiň keltesi, şeýlelik bilen men hem azda-kände öz dilimi ulanmaga başladym. Ozal beýle zada asla mümkinçiligim hem bolmaýardy. Anna bilen gepleşip oturmagyň ýakymlydygyndan hem başga, ol ýigdekçäniň özi hem göwnümi göterýärdi. Onuň sada, gönümel dogruçyllygy günbe-günden barha maňa äşgär görünýärdi. Şonuň üçinem, men ony tüýs ýüregimden gowy görýärdim. Beýleki bir tarapdan, Anna-da ömründe hiç kimi gowy görmeýşi ýaly meni gowy görýärdi.

Bir gezek meniň kelläme «ol öz ýurduna ýykgyn edýärmikä» diýen sowal geldi.Ol iňlis dilini şeýle bir gowy öwrenipdi welin, indi meniň islendik soragyma diýen ýaly jogap berip bilýärdi. Men ondan öz taýpasynyň söweşlerde ýeňiş gazanyp gazanmaýandygyny soradym.Anna bu sowalyma ýylgyrdy-da: — «Hawa, hawa, biz

hemişe ökde uruşýas» — diýip, jogap berdi. Ol söweşlerde hemişe üstün çykýarys diýjek bolýardy. Şeýlelikde, biz aşakdaky ýaly gürrüňleşip başladyk:

Hojaýyn. — Anna, siz hemişe ökde uruşýan bolsaňyz, seniň özüň nädip ýesir düşdüň?

Anna. — Şonda-da biz has köp ýeňýäs.

Hojaýyn. — Ýeňýäs diýdiňmi? Eger seniň taýpaň ýeňýän bolsa, sen nädip ýesir düşüp ýörsüň?

Anna. — Meniň urşan ýerimde olar has köplükdi.Olar biri, ikini, üçi we meni tutdular. Meniň taýpam başga ýerde, meniň ýok ýerimde ýeňip, bir, iki, köp müň sany ýesir aldy.

Hojaýyn. — Onda, näme üçin siziňkiler size duşmanyň elinden halas etmäge gelmediler?

— Anna. — Olar biri, ikini, üçi we meni gaýykly alyp gaçdylar. Şol wagt meniň taýpamda gaýyk ýokdy.

Hojaýyn. — Anna, ýeri bolýa. Seniň taýpaň ele düşen ýesirleri näme edýär? Olaram duşmanlar ýaly ýesirleri äkidip iýýälermi?

Anna. — Hawa, meniň taýpam hem ýesirleri iýýär; hemmesini iýýär.

Hojaýyn. — Olary nirä äkidýäler?

Anna. — Nirä isleseler, şol ýere äkidýäler.

Hojaýyn. — Olar bärigem gelýälermi?

Anna. — Hawa, hawa, olar bu ýere-de gelýäler, başga ýerlere-de gidýäler.

Hojaýyn. — Sen olar bilen öň bu ýere gelip gördüňmi?

Anna. — Hawa, ho taýyk gelip gördüm (ol adanyň demirgazyk-günbatar tarapyna elini uzatdy. Çaky, şol ýer bularyň taýpasynyň gelip-gidýän künjegi bolmalydy).

Şonda men hyzmatkärim Annanyň ozal adanyň uzak künjegindäki kenara gelip gidýän wagşylaryň arasynda bolandygyna göz ýetirdim. Soňky gezekde bolsa onuň özüni adam eti iýilýän meýlisde şamlyk edinmek üçin getiripdirler. Şondan belli bir wagt geçensoň, men ýüregimi bire baglap, ony şol öňki gürrüň beren ýerime alyp gitdim. Anna o taýyny şolbada tanady. Ozal bu ýere gelendigini, şol gezek ýigrimi sany erkek adamy, iki sany aýaly hem-de bir çagany iýendiklerini aýtdy. Ol iňlisçe ýigrimi diýip bilmänsoň, bir topar daşy hataran düzüşdirdi-de, barmak basyp sanap görkezdi.

Ýokarda Anna bilen eden gürrüňimi ýazmagymyň sebäbi, ol indiki wakalar bilen dahylly boljakdy. Şol gürrüňdeşlikden soň men ondan şu adadan onuň ýaşaýan ýerine çenli näçeräk aradaşlyk bardygyny, gaýyklaryň ýygy-ýygydan heläkçilige uçrap uçramaýandygyny soradym. Anna maňa hiç hili howp-hatar ýokdugyny, gaýyklaryň hiç haçan gark bolmaýandygyny aýtdy. Ýöne aňyrlygyna biraz ýüzeniňden soň, irden salkyn bir hemişe bir tarapa, öýlän salkyn bolsa ters tarapa akýan akym bilen, şoňa görä öwüsýän şemal bar eken.

# XVI BAP

Onýança menem onuň bilen bilelikde materige gitmegi pugta ýüregime düwüpdim. Onsoň men Anna ol öz ýurduna dolanar ýaly çüýrän gaýygyň ululygynda täze bir gaýyk ýasamagy teklip etdim. Ýeke söz hem aýtman dyman Anna örän agras we gaýgyly görünýärdi. Men oňa näme bolýandygyny soradym. Ol maňa: «Näme üçin Anna gaharlanýaň? Men näme etdim?» — diýen sowal bilen ýüzlendi. Men ondan näme diýjek bolanyny soradym, oňa hiç hili gaharymyň gelmeýändigini aýtdym. Anna: «Gaharly däl!» diýip, telim gezek şol bir sözi gaýtalady-da, ýene sorag berdi. «Näme üçin Annany öz taýpasyna iberjek bolýaň?» Men: «O nähili, Anna, seniň özüň şol ýere gidesim gelýä diýmediňmi?» — diýip suňşurdym. «Hawa, hawa» diýip, Anna sözümi alyp göterdi. «Ikimiz bolup gidesim gelýä. Eger hojaýyn bolmasa, Anna-da gidesi gelmez». Gepiň tümmek ýeri, ol meni taşlap gidibererli görünmeýärdi. «Anna, menem gideýinmi? O taýda men näme ederin?» — diýip, men ýene-de onuň taryna kakdym. Ol şolbada jogaby nagt edip: «Sen köp ýagşy işler edersiň. Sen ýabany adamlara gowy, akylly, sypaýy bolmagy öwredersiň. Olara Allany tanamagy, Oňa ybadat etmegi we täzeçe ýaşaýşa başlamagy öwredersiň» diýdi. Men: «Wah, Anna. Sen näme diýýäniňi bileňok. Meniň özüm nadanyň biri ahyryn» diýip oňa jogap berdim. «Ýok, ýok» diýip, ol tekrarlady. «Sen maňa gowulygy öwretdiň, olara-da gowulygy öwredersiň». «Ýok, ýok, Anna» diýip, men eňegime tutdum. «Sen mensiz gidiber. Men bu ýerde galyp, öňkim ýaly ýaşar ýörerin». Ol ýene-de meniň sözlerime düşünmän ýaýdanyp durdy-da, birdenem ýanynda göterip ýören paltalarynyň birini ylgap baryp eline aldy we maňa uzatdy. «Muny näme edeýin?» diýip soranymda, ol: «Şuny alyp Annany öldür» diýip jogap berdi. «Men seni näme üçin öldüreýin?» diýip ýaňadan soranym mahalymda, Anna şeýle diýdi: «Sen näme üçin Annany iberýäň? Annany öldür, ýöne Annany iberme». Ol muny şeýle bir ýüreginden syzdyryp aýtdy welin, meniň onuň gözlerine ýaş aýlanandygyny gördüm. Bir söz bilen aýdanymda, ondaky maňa bolan çäksiz söýgi hem-de tutanýerli aýgyt şeýle bir äşgär boldy welin, men oňa ýanymda galasy gelse, ony ibermejekdigimi aýtdym we muny soň-soňlar hem ýygy-ýygydan ýatladyp durdum.

Şol sorag-jogaplardan soň, men Annanyň maňa düýpli söýgüsiniň bardygyna, hiç bir zadyň ony menden aýryp bilmejekdigine, onuň ýurduna dolanyp barmak baradaky höwesiniň bolsa, öz taýpasyna bolan gyzgyn söýgüsinden hem-de meniň öz taýpadaşlaryna ýagşylyk edip biljekdigim baradaky tamasyndan gelip çykýandygyna göz ýetirdim. Men munuň ýaly zady nähili amala aşyryp biljegimi bilmeýändigim üçin, Annanyň aýdýan işine baş goşmaga ne-hä niýetim bardy, ne-de ony öz üstüme almaga höwesim bardy. Emma, meniň bu ýerden gaçyp gitmäge bolan islegim henizem güýçlüdi. Annanyň gürrüň beren on ýedi sany sakgally adamyna umyt baglaýardym. Şonuň üçin-de, mähetdel etmän, deňizde ýüzmäge gaýym bolaýjak ululykda täze bir gaýyk ýasanmak üçin, Anna ikimiz ullakan agajyň gözlegine çykdyk. Adada diňe gaýyklardan däl-de, eýsem uly gämilerden ybarat bolan kiçeňräk flot ýasamaga hem ýeterlik agaç bardy. Ýöne meniň iň esasy üns berýän zadym,

ozalky ýalňyşlymdan gaça durup, gaýyk taýýar bolan mahaly gönümel deňze goýberip bolar ýaly, kenara ýakynrak ýerde ösüp oturan agaç tapmakdy. Ahyrsoňy Anna bir agajy saýlap tutdy, çünki ol gaýyk üçin haýsy agajyň has ýaramly boljagyny menden gowy bilýärdi. Biziň çapyp ýykan şol agajymyzyň nähili agaçdygyny şu günem anyk aýdyp biljek däl, ýöne ol boýag ýasalýan maklýura agajyna çalym edýärdi, has dogrusy, reňki bilen ysyndan çak ursaň, ol maklýura bilen nikaragua sandal agajynyň aralygynda bir agaç görnüşi bolmalydy. Anna agajyň içini ýakyp-köwüp, gaýyk ýasamakçy boldy, ýöne men oňa bu işi abzal-gurallar bilen ýerine ýetirmegiň has aňsat düşjekdigini aýtdym. Nähili işlemelidigini öwredenimden soň, ol ezberlik bilen işläp başlady. Biz bir aýlap arman-ýadaman işläp, gaýygy ýasap gutardyk. Ol biçak owadan gaýyk boldy. Ylaýta-da, Anna paltalary nähili ulanmalydygyny öwredenimden soňra, biz çapyp, ýonup, gaýygyň daşky suduryny hem taraşlap dyndyk. Şeýle-de bolsa, şondan soň, ony togalak sütünleriň üsti bilen garyşma-garyş itekläp deňze goýberýänçäk ýene iki hepde gerek boldy. Deňze goýberen wagtymyz, onuň ýigrimi sany adam ap-aňsat göterip biljekdigine göz ýetirdik.

Gaýygy suw goýberenimizden soňra, örän uludygyna garamazdan, hyzmatkärim Annanyň ony nähili çakganlyk hem-de ezberlik bilen dolandyrýandygyny, eýläk-beýläk öwürýändigini, kürekleýändigini görüp örän haýran galyp, agzymy açdym. Şonuň üçin men ondan ol gaýyk bilen deňze çykmaga edip boljagyny-bolmajagyny soranymda Anna: «Näçe ýel tursa turubersin, bu gaýyk bilen arkaýyn deze çykyp bileris» — diýip, jogap gaýtardy. Emma, men Annanyň hiç hili habary ýok başga bir zadyny, ýagny gaýyk üçin bogaldakdyr ýelken hem-de tanaply labyr ýasamagy küýleýärdim. Bogaldak ýasamak işiň aňsadydy, onsoň men şol golaý-goltumda dik-asmana tarap ösüp oturan, adada näçe diýseň tapdyrýan ýaşajyk bir kedr agajyny saýlap aldym. Men ony Anna çapdyrdym-da, görkezme berişdirip, ony nähili pudarlap, tasa getirmelidigini öwretdim. Ýelken barada bolsa, aýratyn aladalanmaly boldum. Men howlymda köne ýelkenleriň, has dogrusy, köne ýelkenleriň köne-küşül bölekleriniň näçe diýseň bardygyny bilýärdim. Emma welin, ol ýelkenleri indi ýigrimi alty ýyldan bäri saklap ýören-de bolsam, munuň ýaly iş üçin ulanaryn öýdüp kelläme gelmändigi sebäpli, aýawly gorap saklamandym. Men olaryň barysy çüýräp gidendir diýip çakladym. Ol hakykatdan-da şeýle bolup çykdy. Her niçik-de bolsa, men örän berk görünýän iki bölek ýelken tapdym we haýal etmän işe girişdim. Iňňe ýokdugy hem-de öz emelsizligim sebäpli halys itiň gününi görüp, ahyrsoňy Angliýada üçburç ýelken diýilýän ýelkene meňzeş üçburçlak betnyşan bir zat dikmegi başardym. Biziň gämilerimiziň barkaslarynda bolşy ýaly, ýelkeniň aşagyndan bon-germew geçýärdi, ýokarsynda bolsa, kiçijik şprint bardy. Hekaýamyň birinji böleginde aýdyşym ýaly, berberileriň ýurdundan gaçanymdaky barkasda hem şonuň ýaly ýelken bardy. Şonuň üçin-de, men ony nähili dolandyrmalydygyna juda beletdim.

Şol işleri ýerine ýetirmek, ýagny bogaldagy dikeldip, ýelken dakmak üçin iki aý töweregi wagt sarp etdim. Ýeliň garşysyna ýüzenimizde kömegi deger ýaly kiçeňräk bir ştag bilen ýene bir ýelkenjik, has dogrusy, fok-ýelken ýasap, gaýygyň kemini-

kössüni goýmadym. Iň esasy zat bolsa, gaýygy dolandyrmak üçin onuň yzky bölegine des dakdym. Men emelsizje gämi ussasy bolsam-da, desiň peýdasyna, derwaýyslygyna örän gowy düşünýändigim üçin, şeýle bir janypkeşlik bilen işledim welin, ahyrsoňy ony dakmagyň hötdesinden geldim. Ýöne başyny başlap, döwüp çykanlarymy hasap etseň, onda des ýasamaklyk gaýygyň özüni ýasanymçarak wagt aldymyka diýýärin.

Bütin şol işler gutaranyndan soň, indi hyzmatkärim Anna täze gaýygy ýüzdürmegiň tärlerini öwretmäge gezek gelipdi. Çünki Anna çaklaňja gaýyklary küreklemäge ökde hem bolsa, ýelken we des barada hiç zat bilmeýär diýen ýalydy. Ol meniň deňizde gaýygy des bilen dolandyryşymy, kursy üýtgetdigimçe ýelkeniň bir o ýana, bir bu ýana gübürdäp geçişini görüp haýran galýardy. Şeýle-de bolsa, men gysga wagtyň içinde oňa bularyň barysyny öwredip çykdym. Kompasyň nämedigine düşünip bilmedi diýäýmeseň, indi Annany ussat deňizçä öwrüldi diýip hasaplasa boljakdy. Emma, howa kän bir bulutly bolmaýandygy hem-de kämahallar bolaýmasa, ol jelegaýlarda ümür düşmeýändigi sebäpli, kompasyň onçakly geregi hem ýokdy. Ne deňizde, ne-de adada gezelenç edip bolmaýan ýagyşly möwsümlerden başga wagtlar gijelerine ýyldyzlar, gündizlerine bolsa kenarýaka hemişe aýyl-saýyl görnüp durýardy.

Men indi bu ýerdäki ýesirligimiň ýigrimi ýedinji ýylyna gadam basypdym. Aslynda, hyzmatkärim bilen ýaşan döwrümde meniň ýaşaýşym düýpgöter üýtgändigi sebäpli, şol soňky üç ýyly bu hasaba goşmasam hem bolar. Men ada gelip düşenimiň ýylöwrümini edil ilkinji gezekdäki ýaly ýene-de Allatagalanyň nygmatlaryna şükür edip geçirdim. Ozallar Biribara şükür etmegim üçin sebäpler bar bolan bolsa, indi munuň üçin mende has köp sebäp bardy. Allatagalanyň maňa garaşyk edýändigin indi has äşgär bolupdy. Üstesine, bu ýerden ýagdan gyl sogrulan ýaly, ap-aňsat halas bolmaga uly umyt hem döräpdi. Sebäbi, meniň kellämde halas boljak pursadymyň ýakynlaşandygy, bu ýerde bir ýyldan uzak galmajakdygym barada ýanbermez täze pikir peýda bolupdy. Emma, her niçik-de bolsa, men hojalyk işlerine, ýer agdaryp, ekin ekmäge, haýat aýlamaga öňkülerim ýaly gümra bolup gezip ýördüm. Üzüm ýygyp, kişmiş taýýarlaýardym, her bir zerur işi jaýba-jaý ýerine ýetrýärdim.

Şol arada ýene ýagyşly möwsüm başlady, biz indi has uzak wagtlap öýden çykman oturmaly boljakdyk. Şonuň üçinem, biz öz täze gaýygymyzy örän ygtybarly ýere — hekaýamyň başynda gämiden goş çeken wagtym sal bilen ýüzüp giren buhtajygyma eltdik we ony suw beýgelen mahaly kenara çykaryp, urgan bilen daňyp goýduk. Onsoň men öz hyzmatkärime gaýyk sygar ýaly giňlikde we çuňlukda kiçeňräk bir howdanjyk gazdyrdym. Daşgyn peselensoň, biz howdanyň buhta bilen sepleşýän ýerine ullakan böwet basdyk-da deňiz suwy bilen arasyny üzdük. Şondan soň, kän wagt geçmänkä howdanjyk doly taňkyrap, gurap galdy. Soňra biz ýagyşdan penalamak üçin gaýygyň üstüni birgiden ýogyn şahalar bilen basyrdyk welin, ol edil bassyrmaly öý ýaly örän göwnejaý boldy. Şondan soň, biz deňiz syýahatyna çykmak üçin noýabr-dekabr aýlaryn garaşyp ugradyk.

Garaşylýan möwsüm ýakynlaşyp ugranda, ýagyşsyz howa bilen bilelikde meniň ýüzüşe çykmak baradaky hyýalym hem dolanyp geldi. Onsoň men syýahata

şaýlanmak üçin her gün taýýarlyk görmäge başladym. Meniň birinji işim, ýüzüş wagtynda iýip-içer ýaly birneme azyk-suwluk jemlemek boldy. Ýene bir-iki hepdeden bolsa, howdanyň böwedini ýazdyryp, gaýygy suwa goýbermäge hyýallanýardym. Men bir gün irden şol işlere hysyrdanyp ýörkäm, Annany ýanyma çagyrdym-da, pyşdyl gözlemegini tabşyryp, deňziň kenaryna iberdim. Biz eti hem-de ýumurtgalary üçin hepdede bir gezek diýen ýaly pyşdyl tutýardyk. Aradan biraz salym geçse-geçendir-dä, bir görsem, Anna aldyrany bar ýaly ýüzin salyp howla bakan eňdirilip gelýär. Ol edil aýaklary ýere galtaşmaýan ýaly daşky haýatyň üstünden uçup geçdi-de, men heniz dil ýaryp ýetişmänkäm: «Hojaýyn, hojaýyn! Iş gaýtdy, iş» — diýip, ýetişibildiginden samramaga başlady. Men «Bu nä boluş, Anna?» diýenimde, ol «Ho taýda, aňyrda, bir, iki, üç sany gaýyk bar. Bir, iki, üç sany» diýip, jogap berdi. Men onuň gepinden çen urup, alty sany gaýyk bardyr öýtdüm, ýöne çintgäp soranymda bary-ýogy üç sany gaýyk bardygyna göz ýetirdim. Men «Bolsa bolupdyr-da, Anna, entek gorkuberme» diýip, oňa az-kem basalyk berip, arkaýynlyşdyrdym. Emma, ol görgüliniň gorkudan ýaňa halys akyly çaşara gelipdi. Anna özüni aňtap gelendirler, damagyny çalyp, etini iýerler öýdüp, öler ýaly gorkýardy. O pahyr saňňyl-saňňyl edip, şeýle bir elden-aýakdan çykyp barýardy welin, men näme alaç etjegimi bilmän, iki ýaňa garanjakladym. Onsoň başardygymdan ony köşeşdirmäge synanyşyp, meniň janyma-da edil onuňky ýaly howp abanýandygyny, ele düşäýsem meni hem iýjekdiklerini aýdyşdyrdym. «Ýöne», diýip, men täzeden söze başladym. «Anna, biz olar bilen garpyşmaly bolarys. Sen urşup bilersiňmi?» Ol: «Men ataryn, ýöne olar köplük bolup çozarlar» diýip, jogap gaýtardy. Men oňa: «Ondan arkaýyn bol. Olaryň öleni öler, ölmedikleri bolsa, tüpeňlerimizden gorkar» — diýip, biperwaý äheňde gepledim. Onsoň men eger ony goramakçy bolsam, onda onuňam meni gorap-goramajagyny, ýanymda bile durup, näme diýsem gyşarnyksyz berjaý edip-etmejegini biljek boldum. Ol «Islän wagtyň men başymy goýmaga taýýardyryn, hojaýyn» diýip jogap berdi. Onsoň men gitdim-de, içer ýalyjak rom alyp geldim (şeýle bir aýawly saklapdym welin, mende henizem eslije rom bardy). Romy başymyza çekenimizden soň, men hemişe ýanymyzda göterip ýören iki sany aw tüpeňimizi äkeltdim. Tüpeňleri sapançanyň kiçeňräk güllelerine deňeçer iri seçme bilen okladym. Soňra, men dört sany muşketi alyp, her birine iki sany gülle bilen bäş sany maýdajyk ok guýdum. Iki sany sapançamyň her birine bolsa, iki-ikiden gülle saldym. Hemişe bolşy ýaly, ullakan gamamy gynsyz edip dakyndym. Anna-da paltasyny uzatdym.

Şeýdip ok-ýaragymy üpjün edenimden soň, men dürbini elime alyp, näme baryny-ýoguny görmek üçin baýryň ýapgydyna dyrmaşdym. Dürbini bir aýlanymda kenarda ýigrimi bir sany ýabany bilen üç sany tussagyň bardygy gözüme ildi. Aňyrrakda bolsa, üç sany gaýyk durdy. Ýabanylaryň bar aladasynyň şol üç sany ýesiri iýip, ýeňiş meýlisini guramakdadygy mesaňa-mälim görnüp durdy. Hakykatdan-da, olar hemişeki edähetleri boýunça wagşylarça şagalaň geçirmäge taýýarlanýan bolmalydy. Olar Annanyň gaçan gezegindäki ýere däl-de, meniň buhtajygymyň ýakynyna, kenaryň peselip, gür tokaýlygyň deňze abanybrak duran ýerine gelip düşüpdiler. Men ol äteňetleriň etjek bolýan, adamçylyga sygmajak etmişine tüýs aňrym bärik gelip,

Annanyň ýanyna aşak düşdüm-de, kenara gidip, olary gyr-ýapyr etmegi ýüregime düwendigimi aýtdym. Ondan meniň bilen bile, mert durup söweşip-söweşmejegini soradym. Bu çaka çenli ol gorkusyndan saplanyp, romuň serhoşlygy bilen az-owlak ýüreklenen ekeni. Anna ýyljyraklap, hälki aýdyşy ýaly, öl diýsem, ölmäge taýýardygyny tekrarlady.

Men şol gahar-gazap bilen, hälki oklan tüpeňlerimi öz aramyzda paýlaşdyrdym. Anna guşagyna gysdyrar ýaly bir sapança, egnine atar ýaly üç sany tüpeň berdim. Beýleki sapança bilen üç sany tüpeňem özüm aldym. Şeýlelikde, ikimiz tirkeşip ýol düşdük. Men jübime bir çüýşejik rom salyp, Anna-da bir torba däridir seçmäni tutdurypdym. Men oňa yz ýanjagazymda durmagyny we men buýruk berýänçäm hiçhili gymyldamazlygyny, ok atmazlygyny, garaz hiç zat etmezligini we ýeke agyz geplemezligini pugta sargadym. Biz buhtajykdan geçip, görünmän tokaýyň içi bilen, olaryň tüpeň atym golaýyna barmak üçin sag tarap bir mil töweregi böwür berip, ýöräp gitdik. Şol ugur boýunça aňsat gidip biljekdigimizi dürbim bilen degre-daşy synlap durkam göz ýetiripdim.

Ýöräp barşymyza köne pikirlerim kelläme gelmäge başlady welin, men öz aýgydymy goýbolsun etmäge hyýal etdim. Ýabanylaryň sanynyň köpdüginden ýaýdanyp durmaýardym, sebäp diýseň, ol ýalaňaç, ýaragsyz peläketleri, ýeke özümiň paýhynlap biljegime gözüm ýetikdi. Emma, men maňa ýamanlyk etmedik, ýamanlyk niýeti hem ýok, özümçe, bigünä bolup durýan ol adamlaryň üstüne hüjüm etmegimi, elimi gana bulamagymy talap edýän hiç hili esas ýokdugy barada oýlandym. Olaryň wagşy däp-dessurlary olaryň öz betbagtlygydy. Onsuzam, ýabanylaryň bu bolup ýörüşleri Biribaryň olary, bu ýerdäki beýleki taýpalar bilen bir hatarda, şu zeýilli akmaklyga, bibaş hereketlere höküm edendiginiň alamatydy. Galyberse-de, Biribar meni ne-hä olaryň bu etmişlerine kazyçylyk etmäge, ne-de Öz adalatyny olaryňbaşyndan indermäge borçly etmändi. Eger Allatagala islän bolsady, onda bu işde Öz hökümini ýöredip, bu ýabanylary taýpa bolup edýän etmişleri zerarly heläkçilige duçar ederdi. Ol bolsa, meniň çözjek işim däldi. Emma welin, Annanyň ol adamlar bilen duşmandygyny, iki taýpanyň uruş ýagdaýyndadygyny göz öňünde tutsaň, onda onuň ýabanylara hüjüm etmegi nähak boljak däldi. Ýöne, ol ýagdaý maňa degişli däldi ahyryn. Ýolda barýarkam kellämde aýlanan şol pikirler maňa şeýle bir mylaýym täsir etdi welin, meniňkenara baryp, diňe olaryň ýanynda durasym, wagşy meýlislerine tomaşa edip, şu wagta çenli bilýänlerimden başga, olaryň işine goşulyşmagymy talap edýän bir ahwalat ýüze çykmasa, onda Allanyň ýüregime guýşuna görä özümi alyp barasym geliberdi.

Men şol netijä gelip, tokaýa girdim, Anna-da pişik basyşyny edip, yzymdan galman gelýärdi. Biz tokaýyň ýabanylaryň oturan etegine baryp ýetýänçäk şeýdip gitdik. Indi olar bilen biziň aramyzda diňe tokaýyň şojagaz künjegi galypdy. Şol ýerde men usuljak bilen Annany çagyrdym-da, tokaýyň göni burçundaky ösüp oturan bir agajy ümläp, şol agaja dyrmaşmagyny we şo taýdan ýabanylaryň näme edýändiklerini synlap, maňa habar bermegini tabşyrdym. Ol ýüwrüp gitdi-de, derrew yza dolanyp, agajyň üstünden bar zadyň alaň-açyk görünýändigini, ähli ýabanylaryň oduň daşyna tegelenişip, bir ýesiriň etini iýip oturandyklaryny aýdyp berdi. Olaryň beýle

ýanyragynda eli-aýagy güýlüngi ýene bir ýesiriň ýatandygyny, indi şony öldürmekçi bolýandyklaryny eşiden mahalym, meniň bar ganym depäme urdy. Anna aýtmyşlaýyn, ikinji ýesir onuň taýpadaşy däl-de, eýsem gaýyk bilen olaryň ýurduna gelen sakgally adamlaryň biri ekeni. Ak sakgally adam baradaky habar meni hut serpmeden gaýdan ýaly etdi. Men hasanaklap, hälki agajyň ýanyna bardym-da, elime dürbimi alyp, kenara göz aýladym. Hakykatdan-da, ýerde eli-aýagy ýeken ýa-da şoňa meňzeş örülen gamyş bilen pugta daňylgy ýatan adamyň ýewropalydygy eginbaşyndan hem äşgär görnüp durdy.
Ol ýerde ýene-de bir agaç bardy, onuň aňyrsynda bolsa, ýabanylara şol wagt duran ýerimden elli yard töweregi has ýakynda bir topbak agaç ösüp otyrdy. Ýabanylara görünmän şol topbak agaçlara bakan öňe süýşsem, onda olara ok atym aralygyň ýarysyna çenli ýakynlaşyp biljekdigimi gördüm. Biçak gahar-gazaba münen-de bolsam, men özüme basalyk boldum. Ýigrimi ädim çemesi yza gaýdyp, beýleki agaja çenli aralygy tutuşlygyna ýapyp duran gyrymsy agaçlaryň arka tarapyna geçdim. Şol ýerdäki bir tümmejige bukdaklap mündüm welin, segsen yard aradaşlykdan olary doly gördüm.
Indi men ýekeje pursady hem ýitirmeli däldim, sebäbi ol elhenç mahluklaryň on dokuz sanysy biri-birlerine gysylyşyp otyrdy. Olar dek ýaňyja beýleki iki sany ýabanyny biçäre hristian bendäniň damagyny çalyp, etini bölekläp, oduň başyna getirmäge iberen ekenler. Ol iki ýabany eýýäm egilip, ýerde ýatan adamyň aýaklaryndaky ýüpi çözüp durdular. Men Anna tarap öwrülip «Hany, Anna, meniň aýdyşym ýaly et» diýdim. Anna buýruga taýýardygyny aýtdy. «Onda şeýle, Anna» — diýip, men sözümi üstüni ýetirdim. — «Men näme etsem, senem şony et; ýöne meni ýüňsakgal edäýme». Onsoň men bir muşket bilen aw tüpeňini ýerde goýdum, Anna hem şony gaýtalady. Men beýleki muşketi ýabany wagşylara nyşanalap, Anna-da şeýtmegi buýurdym. Soňra onuň taýýar bolup-bolmandygyny soradym. Ol «Taýýar» diýensoň, men «Olaryň üstüne ot aç» diýdim-de, şol pursadyň özünde mäşäni gysdym.
Anna menden has gowy nyşanalapdyr ekeni, ol öz atan tarapynda iki ýabanyny öldürip, üçüsinem ýaralady. Men bolsam, birini öldürip, ikisini ýaraladym. Ýabanylaryň nähili elhenç aljyraňňylyga düşendigini göz öňüne bir getirip görüň. Seçmelerden aman sypan ýabanylaryň barysy gürre ördi-de, ajal okunyň nireden ýagýandygyny aňşyrman, birbada nirä seredip, nirä gaçjakdyklaryny bilmän saklandylar. Öňden tabşyryşym ýaly, näme edýändigimi görmek üçinAnnanyň bir gözi mendedi. Onsoň, men birinji atyşdan soň, muşketi bir gyra okladym-da, ýerde ýatan aw tüpeňini garbap aldym. Anna-da meniň hereketimi gaýtalady. Tüpeňimiň gulagyny gaýtaryp, çenänimi gördü-de, olam şony etdi. Men: «Anna, taýýarmyň?» — diýenimde, ol «Hawa» diýip, jogap berdi. Menem: «At, onda, Allanyň haky üçin!» diýip gygyragada, äm-säm bolşup duran peläketleriň üýşmegine bakan tüpeňimi gümpüldedip goýberdim. Anna-da şeýtdi. Bu gezek tüpeňlerimiz iri seçmeler ýa-da uşajyk sapança oklary bilen oklanylgy bolansoň, olaryň diňe iki sanysy ýere serreldi. Olaryň galany bolsa, ýaralanyp, dälirän ýaly uwlaşyp-eňreşip dumly-duş ökjäni

göterdi. Adamhorlaryň käbirleri ganyny sarkdyryp, biçak agyr ýaralan ekeni. Uzak gitmän, olaryň ýene üç sanysy çalajan halda ýere ýazyldy.
Men elimdäki tüpeňi ýerde goýdum-da, entek doly duran muşketi elime alyp: «Anna, indi yzyma düş» diýdim. Anna meniň buýrugymy batyrgaýlyk bilen ýerine ýetirdi. Onsoň men tokaýdan atylyp çykdym-da, açyklykda peýda boldum. Anna-da söbügimi sydyrdyp gelýärdi. Olaryň meni görendigini saýgaran badyma, men bogazyma sygdygyndan gygyrdym, Anna-da şeýtmegi buýurdym. Men güýjümde baryny edip, kenara tarap ylgamaga başladym. Tüpeňimiň agyrlygy badymy haýallatsa-da, göni biçäre ýesiriň ýanyna okduryldym. Aýdyşym ýaly, ýesir bende ýabanylaryň ody bilen deňziň arasyndaky çägesöw ýerde guma bulaşyp ýatyrdy. Ony suhlajak bolup duran iki gassap bolsa, ilkinji atyşymyzdan gorkularyna, ony taşlap, deňze bakan ýazzyny beren ekenler. Olar eýýäm gaýyklaryň birine böküp münüp, küreklemek bilen berbaşagaý ekenler. Olaryň gaýygyna ýene üç sany ülpetleri hem atlanyp ýetişen ekeni. Men Anna tarap öwrüldim-de, öňe ylgap, olary atmagy buýurdym. Ol maňa derrew düşündi-de, nyşana ýakynlaşmak üçin, kyrk yard çemesi ylgap gitdi-de, gaýykdakylary atdy. Gaçgaklaryň barysy gaýygyň içinde terslin-oňlyn serrelensoň, men olaryň hemmesi ölendir diýip çakladym. Emma ýabanylaryň iki sanysy derrew dikeldi. Şeýle-de bolsa, Anna olaryň ikisini öldürip, birini ýaralapdyr ekeni. Ýaraly ýabany gaýygyň içinde, edil ölen ýaly, galyp bilmän ýatyrdy.
Anna gaçgaklar bilen başagaý bolup ýören wagty, men pyçagymy çykardym-da, biçäre ýesiriň ýüplerini çözüşdirip, elini-aýagyny boşatdym. Onsoň men ony ýerinden turuzyp, portugalça gepläp, onuň kimdigini soradym. Ol latynçalap «Christianus» diýdi. Ol şeýle bir ysgynsyz, ýadawdy welin, ne aýak üstünde durmaga, ne-de geplemäge rowgaty bardy. Men jübimdäki romly çüýşäni çykaryp, oňa berdim-de, içmegini ümledim. Ol romy içdi, hödür eden bir bölek çöregimi tamşandy. Soňra, men ondan haýsy millete degişlidigini soradym. Ol «ispan» diýip jogap gaýtardy. Ýesir ispan az-owlak demini dürsäninden soň, her hili el hereketleri bilen ümläp, özüni halas edendigim üçin örän minnetdardygyny düşündirdi. Men başardygymdan ispançalap: «Senýor», diýip, söze başladym. «Biz soň gürleşeris. Şu wagt biz uruşmaly. Eger ysgyn-mydaryňyz galan bolsa, şu sapança bilen gamany alyň-da, derrew hüjüme geçiň». Ol ýaraglary minnetdarlyk bilen kabul edip aldy we eli ýaraglara galtaşan dessine, hamana diýersiň, olar oňa täze güýç-kuwwat beren ýaly, gazap bilen öz ganhorlarynyň üstüne okduryldy. Ispan ýüzüniň ugruna iki sany ýabanyny kerçgäp taşlady. Dogrusy, görgüli ýabanylar näme bolup geçýändigine düşünip bilmän, tüpeň seslerinden haýygyp, gorky hem-de aljyraňňylyk zerarly, ýerde süýnüşip ýatyrdylar. Olaryň ne-hä gaçyp gutulmaga, ne-de okdan goranmaga mydary galmandy. Annanyň gaýykda atan bäş sany ýabanysynda hem ýagdaý şeýle bolupdy. Olaryň üç sanysy ok zerarly ýykylan bolsa, beýleki ikisi gorkudan aşak ýapyrylypdy.
Men elimdäki tüpeňi heniz hem atman saklap durdum. Sapançam bilen gamamy ispana beremsoň, elim taýýar tüpeňli duranymy kem görmändim. Onsoň men Annany ýanyma çagyrdym-da, ilkibaşda ok atan ýerimizdäki agaçlyga gidip, oky atylan tüpeňlerimizi alyp gaýtmagyny tabşyrdym. Anna salymyny bermän ok-ýaraglary

äkeldi. Men öz muşketimi onuň eline berip, çök düşdüm-de, beýleki tüpeňleri oklamaga durdum. Onsoň ispana-da, Anna-da eger tüpeň gerek bolsa, maňa guk diýmeklerini duýdurdym. Men tüpeňleri oklap durkam, ispan adam ýabanylaryň biri bilen gazaply tutluşyga girdi. Ýabanynyň elinde ullakan tagta gylyç bardy. Eger men halas etmedik bolsam, şol gylyç ispan ýesiriň janyny almalydy. Ysgynsyzdygyna garamazdan, bijaý edermen, batyrgaý adamdygy görnüp duran ispan öz garşydaşy bilen birsellem gidişdi we ony kellesiniň iki ýerinden erbet ýaralady. Emma ýabany adam hem gaýduwsyz, gujurly ýigit bolup çykdy. Ol mejalsyz ispanyň üstüne özüni oklap, ony ýere ýazdy-da, meniň gamamy onuň elinden gaňryp almaga çemelendi. Şonda, men ylgap kömege baryp ýetişýänçäm, ispan adam paýhasly pikirlenip, gamany goýberdi-de, guşagyndaky sapançany sogrup, ýabanynyň böwrüni gabatlap mäşäni gysdy. Ýabany ýigidiň şol ýerde takga jany çykdy.
Şol iki arada, öz başyna galan Anna tüpeňini zadyny taşlap, eli paltaly gaçyp barýan ýabanylaryň mekgesine mündi-de, ilkibaşda ýaralanyp ýere ýykylan üç sany ýabanyny we ondan başga-da duş gelen ýabanynyň läşini ýere serdi. Ispan bolsa, meniň ýanyma gelip tüpeň sorady-da, eline beren aw tüpeňim bilen iki sany ýabanynyň yzyndan kowalap, olaryň ikisinem ýaralady. Emma ol ylgap bilmänsoň, ýaralylar tokaýa siňdiler. Muny gören Anna, olaryň yzyndan okdurylyp, birini öldürdi. Ýöne beýleki ýabany Annadan çakgan bolup çykdy we ýaralanandygyna garamazdan, özüni deňze urdy. Gaýykly uzaklaşyp barýan iki sany taýpadaşynyň yzyndan ýüzüp ugrady. Aslynda, gaýykda ýene bir ýaraly bardy, ýöne welin, biz onuň ölenini-ölmänini bilip bilmedik. Şeýlelikde, ýigrimi bir sany ýabanydan diňe şol gaýykdakylar gaçyp sypmagy başarypdy. Bu garpyşygyň umumy hasabaty şeýle boldy: agajyň ýanynda durup atanymyzda üç sany öli; ikinji atyşda iki sany öli; Annanyň gaýykda öldüreni iki sany; ilkibaşda ýaralananlardan Annanyň öldürenleri iki sany; Annanyň tokaýda öldüreni bir sany; ispanyň öldüreni üç sany; eýlede-beýlede ýaralanyp ýa-da Annanyň eline düşüp ölen dört sany; gaýykly gaçanlar dört sany, emma olaryň biri ýaralanypdy, onuň ölen bolmagy hem mümkindi. Jemi 21 sany adam.
Gaýykdakylar ok atym aralykdan daşlaşjak bolup, jan edip kürekleýärdiler, Anna olaryň yzyndan iküç sapar tüpeň atan hem bolsa, gaçgaklaryň hiç birine ok degendir öýtmedim. Anna beýleki gaýyklaryň birini alyp, olaryň yzyndan kowmaga meni razy etjek boldy. Dogrusy, men hem, bolan wakany öz obalaryna ýetirerler öýdüp, olaryň gaçyp gitmegini örän ünji edýärdim. Olaryň ik-üç ýüz sany gaýykly dolanyp gelip, san taýdan bizden üstün çykmagy ahmaldy. Onsoň, men olary deňizde kowalamaga razy boldum-da, kenarda eýesiz duran gaýyklara tarap eňdim. Men gaýyklaryň birine böküp mündüm-de, Annany hem çagyrdym. Emma welin, gaýygyň içinde ýene bir görgüliniň eli-aýagy daňylgy ýatandygyna gözüm düşüp, örän haýran galdym. Onam edil ispan ýaly damagyny çalmak üçin güýlüp taşlapdyrlar ekeni. Ol bende näme bolup geçýänine düşünmän, gaýygyň erňegine galyp, daş-töwerege ser salyp bilmänsoň, gorkudan ýaňa ölere gezek gelen eken. Ony şeýle bir şatyrdadyp, pugta daňypdyrlar welin, uzak wagt ýatandygy sebäpli, içinde çala jany bardy.

Men haýal etmän onuň towlam-towlam bolup duran ýüplerini kesişdirip, ýerinden turuzjak boldum. Emma ol ne-hä gepläp, ne-de dik durup bilmän, naýynjar halda iňňildedi. Megerem, eli-aýagy ony öldürmek üçin çözülendir öýdüp güman edýän bolmalydy.

Men oňa deňiç ýetip gelen Anna ýesir bilen gepleşip, onuň halas bolandygyny aýtmagy buýurdym. Onsoň romluja çüýşämi çykardym-da, görgüli ýesire az-kem rom owurtlatdym. Ol halas bolandygyny eşiden-de, romuň hem täsiri bilen, täzeden jan giren ýaly boldy we gaýygyň içinde dikelip oturdy. Şol wagt Anna onuň sesini eşidip, birhili ýüzüne çiňerildi-de, birdenkä ony gujaklap, ogşaşdyryp, aglap, gülüp, gygyryp, bökjekläp, tans oýnap, aýdyma zowladyp, garaz, bolmajysy boldy. Onuň bu bolşuny görüp gözüňe ýaş aýlanmazlygy mümkin däldi. Onsoň ol ýene-de aglamjyrap, elini kelemenledip, ýüzüni-gözüni ýumruklap başlady. Kellesi üýtgän dek, aýdym aýdyp, towsaklaýardy. Onuň bilen gep-üýn alyşyp bolýança, esli salym garaşmaly boldum. Onsoň men ondan näme döw çalandygyny soradym. Anna az-kem aýňalyp, özüne geldi-de, gaýykdaky ýesiriň öz kakasydygyny aýtdy.

Kakasyna gözi düşüp, onuň halas bolandygyna begenýän görgüli ýabanynyň nähili joşguny, tolgunmany başdan geçirýändigini görenimde ýüregimiň nähili gobsunandygyny düşündirmek aňsat däl. Dogrusy, Annanyň şol tolgunmadan ýaňa eden soňraky hokgalarynyň ýarysyny hem aýdyp-diýip, düşündirmek juda kyn. Sebäbi ol gaýyga bir münýärdi, bir düşýärdi. Gaýyga her gezek münende, kakasynyň ýanynda oturýardy-da, onuň döşüni açýardy, onsoň goltgy bermek üçin, onuň kellesini öz kükregine basyp, ençe minutlap gymyldaman oturýardy. Kakasynyň ýüpler zerarly gurşup, saň-gaty bolan gollaryna, topuklaryna elini sürtäp owkalaýardy. Men muny görüp, çüýşeden azajyk rom guýdum-da, şonuň bilen owkalatdym welin, onuň nepiniň degendigi bildirip ugrady.

Bu waka hälki ýabanylaryň indi gözden ýiteňkirläp barýan gaýygynyň yzyndan kowmak hyýalymyzy bökdedi. Ýöne gitmedigimiz bähbide çekipdir, çünki aradan iki sagat geçensoň, gaçgaklar heniz ýoluň dörtden birini hem geçmänkä, güýçli harasat turup, uzakly gijesi bilen dowam etdi. Ýel demirgazyk-günbatardan, ýagny olaryň ýazzy maňlaýyndan öwüsýändigi üçin olaryň gaýygy düňderilmän, öz kenarlaryna aman-sag barandyrlar öýtmeýärin.

Indi Anna dolanyp geleliň. Ol şol aralykda kakasyna seretmek bilen şeýle bir gara başyna gaýdy welin, ony kakasyndan aýyrmaga birsellem ýüregim etmedi. Soňra «indi az-kem bir gyra çekip bolar» diýip çakladym-da, ony ýanyma çagyrdym. Anna bökjekläp, gülüp, çäksiz şatlyk duýgusy bilen ýanyma geldi. Men ondan kakasyna çörek berip-bermänini soradym. Ol kellesini ikibaka ýaýkap: «Ýok, men myrtar köpek barysyny özüm iýdim» diýdi. Men ýörite ýanymda göterýänje torbajygymdan bir külçe çykaryp, oňa uzatdym. Özi üçin azajyk rom hem hödürledim, ýöne ol romy agzyna-da degirmän göni kakasyna eltip berdi. Meniň kisämde iki-üç hoşa kişmiş bardy, şondan bir gysym alyp, kakasy üçin berdim. Anna kişmişleri kakasyna beren badyna, gaýykdan atylyp düşdi-de, jyn uran ýaly, ümdüzine ylgap gitdi. Şo çaka çenli onuň ýaly ýyndam adam görmändim. Hawa, ol şeýle bir batly ylgady welin, göz açyp-ýumasy salymda gözden gaýyp boldy. Yzyndan gykylyklap, uly goh etsem-de,

ol barybir gitdi. On bäş minut geçenden soň, men Annanyň dolanyp gelýändigini gördüm, ýöne gelişi gidişinden haýaldy. Ol ýakynlaşdygyça, meniň elindäki bir zat sebäpli haýal ýöreýändigi ünsümi çekdi. Ol gelip ýeten wagty, onuň kakasyna bir küýze suw äkelmek üçin öýe gidip gelendigini bildim. Onuň elinde iki sany külçe hem bardy. Anna çöregi maňa berip, suwy kakasyna eltdi. Agzym kepäp duransoň, menem suwdan azajyk içdim. Küýzedäki suw hyzmatkärimiň kakasyny meniň beren romumdan ýa-da içgimden has çalt özüne getirdi. Sebäbi teşnelikden ýaňa ol biçäräniň tas essi aýylan ekeni.

Kakasy suwdan ganansoň, men Annadan «suw galdymy» diýip soradym. Ol «hawa» diýip jogap berensoň, kakasyça suwsan görgüli ispana-da suw bermegini buýurdym. Annanyň getiren külçeleriniň birini, hakykatdan-da, tapdan düşüp, indem bir agajyň kölegesindäki gökje otlaryň üstünde süýnüp, dem-dynjyny alyp ýatan ispana iberdim. Onuň hem ýedi süňňi pugta daňylan ýüpler zerarly güp ýaly çişip, saň-gaty bolup durdy. Anna ýanyna baransoň, ol dikelip oturdy-da, suw içdi, soňra külçä agyz urup, iýmäge başlady. Men muny görüp, onuň ýanyna bardym we oňa bir gysym kişmiş berdim. Ispan ýüzüni galdyryp, maňa çäksiz minnetdarlyk duýgusy bilen seretdi, ýöne ol şeýler ysgynsyzdy welin, garpyşykda diýseň gujurly söweşendigi sebäpli, indi dik-ayak üstünde durmaga ýagdaýy ýokdy. Ol iküç gezek ýerinden gobsunjak boldy, emma güp ýaly çişip, azar berýän topuklaryndan ýaňa gozganybam bilmedi. Onsoň men oňa gymyldaman oturmagy tabşyrdym-da, Annany çagyryp, onuň aýaklaryny edil kakasynyňky ýaly rom bilen owkaladyp ýuwdurdum.

Ýüregi tolgunyp duran hyzmatkärim, her iki minutdan, belkem, minutda bir gezek, yzyna gaňrylyp, kakasynyň şol öňki ýerde, goýup gaýdan ýerinde dik oturandygyna-däldigine seredýärdi. Şol barmana, birdenkä kakasy gözüne ilmedi welin, ol ýerinden zöwwe dikeldi-de, ýeke agyz gürlemän, aýagy ýere galtaşmaýan ylgaýşyny edip, kakasyna bakan ýüzin salyp gitdi. Ýöne Anna ol ýere baran wagty kakasynyň az-kem endamynyň gurşugyny ýazmak üçin ýere süýnendigini gördi. Onsoň derrew ýanyma gaýdyp geldi we ispana ýüzlenip, eger dik durmaga ýagdaýy bolsa, özüniň ony gaýyga mündirip, öýe äkitjekdigini we ol ýerde meniň oňa idi-yssywat etjekdigimi aýtdy. Anna gujurly, daýaw ýigit bolansoň, ispany arkasyna hopba etdi-de, gaýyga çenli äkitdi we aýaklary içerik tarap bolar ýaly edip, ony emaý bilen gaýygyň erňeginde oturtdy. Soňra bolsa ony gaýtadan götergiläp, kakasynyň gapdaljygyna ýerleşdirdi. Onsoň Anna gaýykdan düşdi-de, ony suwa tarap itekledi. Şemalyň batly öwüsýändigine garamazdan, ol kenaryň boýuny syryp, gaýygy meniň ýöreýşimden has çalt kürekleýärdi. Şeýlelikde, hyzmatkärim olaryň ikisini hem sag-aman biziň buhtajygymyza getirdi. Onsoň, olary gaýykda galdyryp, beýleki gaýygy getirmek üçin loňkuldap ylgap gitdi. Deňimden geçip barýarka, men oňa gygyryp, nirä barýandygyny soradym. Anna: «Beýleki gaýygy getirjek» diýip jogap berdi. Şeýdibem, ýel ýaly ýüwrüp gitdi (isle adam bolsun, isle-de at, men şonuň ýaly ýyndama duş gelen däldirin). Men guryýer bilen ýesirleriň oturan gaýygyna baryp ýetýänçäm, ol eýýäm ikinji gaýygy hem buhtajyga getirip ýetişdi. Onsoň ol menem gaýygy mündirip, beýleki tarapa geçirdi. Soňra Anna täze myhmanlarymyza

gaýykdan düşmäge kömekleşdi. Emma, olaryň ikisiniňem ýöräp gitmäge halys mejaly ýokdy. Şeýle bolansoň, Anna görgüli näme etjegini bilmän aljyrady.
Men bu ýagdaýa bir çäre tapmak üçin kelle döwmäge başladym. Onsoň Anna gygyrdym-da, olary kenarda oturdyp, meniň ýanyma gelmegi buýurdym. Men basym çalamydar bir zemmer ýasadym. Şondan soň, Anna ikimiz olary şol zemmerde ýatyryp, öýe alyp gaýtdyk.
Olary howlynyň daşky diwaryna elten wagtymyz, biz öňküden beter kynçylyga duşduk, sebäbi ol ikisini haýatdan aşyryp boljak gümanasy ýokdy. Meniňem diwary böwüsmäge onçakly göwnäp durmaýardym. Şeýle bolansoň, täzeden işe girişmeli bolduk. Anna ikimiz, iki sagat çemesi wagtyň içinde, daşky haýat bilen öz eken tokaýjygymyň aralygyndaky boş ýere köne ýelkenlerden we ýognas şahalardan owadanja çadyr gurnadyk. Şaly sypalyndan olaryň hersine aýratyn düşek ýasap, üstüne düşekçe okladyk. Üstlerine ýapynar ýaly hem ýorgança goýduk.
Indi meniň adamda ilat ýaşaýardy. Raýatlarymyň sanyna seredip, men özümi baý hasaplaýardym. Ýygy-ýygydan indi özümiň korola meňzeýändigimi göz öňüne getirmek göwnüme diýseň hoş ýakýardy. Öňi bilen-ä, tutuş şu ada meniň emlägimdi, bu ýerlerde höküm sürmäge gepsiz-gürrüňsiz hukugym bardy. Ikinjidenem, raýatlarymyň barysy maňa birkemsiz boýun egýärdi. Men bu ýeriniň absolýut häkimidim we kanunlary özüm goýýardym. Olaryň hemmesi öz janlary üçin meniň öňümde bergidardy we eger zerurlyk ýüze çyksa, meniň üçin öz janlaryny pida etmäge taýýardylar. Meniň raýatlarymyň her biriniň aýratyn bir dine uýýandygy hem üns çekerlikdi. Hyzmatkärim Anna protestantdy, onuň kakasy butparaz adamhordy, ispan bolsa katolikdi. Şeýle-de bolsa, men öz höküm sürýän ýerlerimde ynanç azatlygyna rugsat berýärdim. Indi bolsa, hekaýamyza dolanyp geleliň.
Janlaryny halas eden ysgynsyzja ýesirlerime ýatar-turara, dem-dynç alara göwnejaý ýer taýýarlanymdan soň, men wagt ýitirmän olary azyk-owkat bilen üpjün etmegiň alajyny gözläp başladym. Birinji eden işim, Anna tokaýdaky aýratyn sürimden bir ýaşyna ýeten ullakan bir çebişi getirip, soýmagy buýruk berdim. Men çebişiň butlaryny çapyp aýryp, kiçiräk edip bölekleşdirdim we Anna olary gazana atyp çorba gaýnatmagyň ugruna çykmagy tabşyrdym. Maňa ynanaýyň, men iýip doýup bolmaýan örän süýji etli çorba bişirdim. Ojagy howlynyň içinde däl-de, haýadyň daş ýüzünde atarypdyk, onsoň çorbaly gazany şol durşuna göterip, täze çadyra eltdim. Oňa çenli men ol ýerde stoly taýýarlap goýupdym. Men günortan naharymy olary bilen bile iýdim, başardygymdan oýun-henek edişdirip, olaryň göwünlerini göterdim. Anna ylaýta-da, öz kakasy bilen düşünişmek üçin maňa dilmaçlyk edýärdi, ol hatda ispan üçinem dilmaçlyk edýärdi. Sebäbi, ispan ýabanylaryň dilinde örän gowy gepleýär ekeni.
Günortan, has dogrusy öýlän naharymy iýenimizden soň, men Anna gaýyklaryň birine münüp, gyssag sebäpli, çaknyşyk bolan ýerde goýup gaýdan muşketlerimizi we beýleki ýaraglarymyzy alyp gaýtmagy sargadym. Ertesi gün bolsa, ýabanylaryň günüň aşagynda serilişip ýatan meýitlerini, porsap ýetişmänkä ýere duwlap gaýtmagyny tabşyrdym. Men oňa wagşy meýlisden galan-gaçan zatlary gömmegi hem buýruk berdim. Ol işi özümiň etmegim barada pikir hem edip bilmeýärdim.

Gaýtam, şol ýere ýolum düşäýse, şol galak-gaçaklara seretmäge-de gurbum çatjak däldi. Anna ol işleri birkemsiz ýerine ýetirip, ýabanylaryň ol ýerde bolandygynyň ähli alamatlaryny şeýle bir ýel syran ýaly edipdir welin, ikilenç gidenimde, tokaýyň öňe çykyp duran künjegi bolmasa, ol ýeriniň niredigini hem tanamajak boldum.

Soňra, men täze raýatlarymyň ikisi bilenem az-kem gürrüňleşip gördüm. Ilki bilen, men Annadan gaýykly gaçyp giden ýabanylar hakynda näme pikir edýändigini, olaryň biziň gaýtawul berip bilerimizden has uly güýç bilen dolanyp-dolanmajaklaryny kakasyndan soramagyny towakga etdim. Ýaşulynyň ilkinji pikirine görä, gaýykdaky ýabanylar şol gijeki harasatdan diri sypan bolmaly däldi. Olar ýa-ha hökman gark bolan bolmalydy, ýa-da günorta tarapdaky başga kenarýakalara düşüp şol ýerde çişe düzülip iýlen bolmalydy. Emma, ol gaçgaklaryň öz kenarlaryna baryp ýetäýseler, näme etjekdiklerini anyk aýdyp bilmedi. Ýöne, onuň pikirçe, ýabanylar duýdansyz hüjümden, tüpeňleriň sesinden we çabrap çykýan ýalyndan öler ýaly gorkupdylar. Ol ýatmyşlaýyn, gaçyp sypan ýabanylar öz ülpetleriniň adam eli bilen däl-de, ýyldyrym çakyp, gök gürläp ölendigini, gözlerine görnen iki sany jandaryň, ýagny men bilen Annany bolsa, eli ýaragly adamlar däl-de, eýsem özlerini ýok etmek üçin asmandan inen ruhlardygyny ýa-da jeza beriji arwahlardygyny gürrüň beren bolmalydy. Ýaşuly adam muny anyk bilýän ekeni, sebäbi olaryň öz dillerinde biri-birlerine şol zatlary aýdyp gygyrşandyklaryny eşidipdir, çünki bir adamyň ot zyňyp, gök ýaly gümmürdemegi, elini galdyrman, uzak aralykdan adam öldürmegi olaryň kellesine sygjak zat däldi. Garry şol ol gepinde mamla bolup çykdy, sebäbi soň-soňlar başga adamlardan hem eşidişime görä, şondan soň ýabanylar dolanyp bu adada garalaryny görkezmändirler. Ölümden gaçyp sypan dört sany adamyň gürrüň beren zatlaryny diňläp, ýabanylar şeýle bir gorkupdyrlar welin (diýmek, gaçgaklar deňizden halas bolupdyr eken), şol jadyly ada baran adamyň hudaýlaryň iberen ot-ýalyny bilen köýüp gidýändigine güp ynanypdyrlar. Şeýle-de bolsa, bu gürrüňlerden bihabardygym sebäpli, men köp wagtlap gorkup gezdim we özümem, goşunymam hüşgär ýagdaýda sakladym. Goşun diýýänimiň sebäbi, biz indi dört adamdyk. Şonuň üçinem, indi ýüz sany ýabany geläýende-de, olar bilen islendik wagtda, alaň-açyk meýdanda darkaş gurmaga töwekgelçilik edip biljekdim.

## BAP XVII

Her niçik-de bolsa, gelýän-gidýän gaýyk göze ilmänsoň, ýabanylar geler diýen gorkym kän wagt geçmänkä aýrylyp gitdi. Gabat-garşymdaky guryýer zolagyna gitmek baradaky öňki pikirlerim ýene-de aňymda janlanyp ugrady, Annanyň kakasy hem, ol ýere barsam, öz taýpasynyň meni örän gyzgyn garşylajakdygyny örän ynamly aýdýardy.

Ýöne, men ispan bilen bir gezek çynlakaý gürleşenimde, meniň pikirlerim az-kem kiparlady. Onuň gürrüňini diňläp, men ol ýerde ýene on alty sany ispan bilen portugal bardygyny anykladym. Gämileri heläkçilige uçran mahaly, olar şol guryýere gaçyp atypdyrlar-da, ýabanylar bilen ylalaşykly ýaşamaga başlapdyrlar. Emma, olar hojalyk gerek-ýaraklaryna örän mätäçlik çekýär ekenler.Men ispandan öz ýüzüşleri barada hemme zady birin-birin soraşdyrdym. Olaryň gämisi Rio-de-la-Platadan Gawanna

tarap ýüzüp barýan ekeni. Şol ýerde, galapyn, deriden we kümüşden ybarat bolan ýüklerini düşürip, duş gelen ýewropa harytlaryndan alyşdyrmaly ekenler. Olaryň gämisinde başga bir gark bolan gämiden halas edilen bäş sany portugal deňizçi hem bar ekeni. Öz gämileri heläkçilige uçran pursadynda olaryň bäş sanysy gark bolupdyr, ölmän galanlary bolsa, san-sajakyz howp-hatarlary başdan geçirip, açlykdan öldüm-öldüme gezek gelende, ýabanylaryň ýaşaýan kenarýakasyna aýak basypdyrlar. Islendik pursatda, adamhorlaröz üstlerine çozup, etlerini çişe düzüp, iiýerler öýdüp, olar biçak heder edipdirler. Ispan maňa öz ýanlarynda iki-ýeke ýarag bardygyny hem aýtdy, ýöne ol tüpeňleriň bitiren goşy bolmandyr, sebäbi, ne-hä därileri galypdyr ekeni, ne-de oklary. Gämini basan suw därileriň az-owlagyndan galanyny ezip zaýalapdyr ekeni. Ojagaz därini hem guryýere çykan uçurlary aw awlamak üçin ulanypdyrlar.

Men ondan ol ýerdäki indiki ykballary barada näme pikir edýändigini, gaçyp sypmak hakynda etsem-petsemleriniň bardygyny-ýokdugyny soradym. Ispan ol hakda kän kelle döwendiklerini, ýöne ne-hä bir gämi, ne-de gämi ýasamaga abzal-gural, üpjünçilik ýokdugy zerarly, ähli maslahatlarynyň umytsyzlyk we gözýaş dökmek bilen gutarandygyny aýtdy.

Men bu jelegaýlardan gaçyp gitmegimiz barada bir teklip öňe süräýsem, dostlarynyň ony nähili kabul etjekdigini, eger barymyz şu adada jemlenişsek, bu işiň başa baryp-barmajagyny ispandan soradym. Eger men öz janymy onuň dostlaryna ynansam, onda azatlyga çykan wagtymyz olaryň maňa dönüklik edip, ýaramaz daraşarlar öýdüp gorkýandygymy, sebäbi, ýagşylyga minnetdar bolmak duýgusynyň adam häsiýetiniň bitewi aýratynlygy däldigini düşündirdim. Adamlaryň, köplenç halatda, öz minnetdarlyk borçlaryna däl-de, eýsem, öz hantama bolýan zatlaryna görä hereket edýändigini aýtdym. Eger olaryň halas bolmagyna hemaýat berenimden soňra, meni Täze Ispaniýada ýesir edip saklaýsalar, maňa juda agyr degjekdigini, ol ýere aýagy düşen iňlis adamsynyň, näme sebäpli ýa-da haýsy tötänlik arkaly gelendigine seretmezden, gürrüňsiz, pida bolup gidýändigini gürrüň berdim. Ruhanylaryň rehim-şepagatsyz penjesine düşüp, inkiwizasiýanyň jebrini çekenimden, ýabanylaryň elinde diriligme tüýt-müýt edilenimi müň esse gowy görýändigimi äşgär etdim. Men oňa, bar zat gülala-güllük bolanlygynda, onuň ähli gämideş dostlaryny şu ada ýygnap, herimiz bir işe ýapyşsak, onda ählimizi äkidip biljek ýelkenli uly bir gämini — barky ýasap biljekdigimizi aýtdym.Onsoň ýa günorta — Braziliýa tarap, ýa-da demirgazykdaky adalara, ýa-da bolmasa, ispan häkimiýetine degişli koloniýalara tarp gidibermeli boljakdyk. Ýöne welin, öz ýaraglarymy tabşyranymdan soň, olaryň meni zor bilen öz ildeşleriniň arasyna äkidip, eden ýagşylygyma derek ýamanlyga duçar etseler, onda meniň öz başymy nähak ýerden kelkelä sokdugym boljakdygyny hem gönüläp aýtdym.

Ispan meniň bu sözlerime örän açykgöwünlilik we sadalyk bilen jogap berip, şu wagt öz ýagdaýlarynyň juda egbardygyny, bu ýagdaýa uwnup-çydap bilmeýändiklerini gürrüň bermäge durdy. Özleriniň halas bolmagyna kömek eden adama ýowuz daramak barada gürrüň hem bolup bilmejekdigini, eger islesem, özüniň Annanyň kkasy bilen bilelikde gämideşleriniň ýanyna gidip, bu barada maslahatlaşyp, olaryň

jogabyny alyp gelmegi teklip etdi. Meniň özlerine Gämibaşy we serkerde bolmagyma gepsiz-gürrüňsiz razy boljakdyklary barada olaryň barysyndan çynlakaý kasam kabul etjekdigini äht etdi. Maňa ikilik etmejekdikleri hem-de gämini diňe maňa muwapyk boljak hristian bir ýurdaäkitjekdikleri hakda olara öz keramatly öwülýälerinden we Injilden ant içirtjekdigini aýtdy. Ispan tä meniň niýetlän ýurduma sag-aman, başymyz bitin baryp düşýänçäk, diňe we hökmany suratda meniň buýruklaryma tabyn boljakdyklary barada olaryň ýörite gol çekilen ähtnamasyny alyp gelmäge-de sözberdi. Ol bütin ömürboýy, özüm kowaýmasam, meniň ýanymdan hiç haçan aýrylmajakdygyna, eger öz ildeşleri ähdini bozup, maňa duşmançylyk etse, onda iň soňky damja ganyna çenli meniň bilen deň durup söweşjekdigine ähdi-peýman etdi.Ispan öz ýoldaşlarynyň medeniýetli, päk ýürekli adamlardygyny, olaryň şu pille iňňän çökder derde sezewar bolandygyny aýtdy.Olar ne bir ýaraglary, ne-de bir ibaly azyk-owkatlary bolmansoň, ýabanylara janlaryny ynanyp, elgarama bolup ýörendiklerini hem ispan öz sözüniň üstüne goşdy. Olaryň dogduk mekanlaryna dolanyp barmakdan rişdesini üzendigini, eger olary halas etmeklige baş goşsam, onda olaryň hemmesiniň meniň üçin ýaşap, meniň üçin gurban bolmaga taýýardygyna gözüniň ýetikdigini hem aýtdy.
Men ispanyň kepil geçýän sözlerini eşidip, elimden gelse, olary halas etmäge töwekgelçilik edip, ispan bilen ýaşulyny ýabanylaryň adasyna gepleşik geçirmäge ibermegi ýüregime düwdüm. Ýöne, ýola düşmek üçin bar zat taýýar bolan çaky, ispanyň özi bir gürrüň tapdy oturyberdi. Onuň pikiri bir tarapdan örän ätiýaçly, beýleki tarapdan bolsa, biçak akýürekli bolansoň, meniň ýüregime junk boldy duruberdi. Onsoň men ispanyň maslahatyna hä diýip, onuň ýoldaşlaryny halas etmekligi, iň bolmanda, ýarym ýyl yza süýşürmegi müwessa gördüm. Munuň sebäbi şeýleräkdi.
Ispan indi bir aýdan bäri biziň bilen ýaşap ýördi, şol döwrüň içinde men oňa Gudraty Güýçliniň medet bermegi bilen, nähili gün-güzerän dolaýandygymy görkezipdim. Ol meniň ammara basyp goýan arpadyr tüwi ätiýaçlygymy görüpdi. Dogrusyny aýdanyňda, şol azyk ätiýaçlygy öň maňa gereginden artykmaç bolan hem bolsa, indi, eger tygşytlyja ulanmasak, kelle sany dörde baryp ýeten hojalygyma ýetjek däldi. Ispan aýtmyşlaýyn, ol heniz diri gezip ýören on dört sany ildeşinem yzyna tirkäp getiräýse, onda-ha bujagaz azyk-owkadyň ýokam bolmajagy köre-hasady. Eger gämi ýasanyp, Amerika materigindäki hristian koloniýalary bakan ýüzüşe çykmakçy bolaýsak, onda gämä azyk-suwlukdan näme ýüklejegiň hem belli däldi. Şonuň üçinem, ispan deňizçi Anna bilen kakasynam ýanyna alyp, täze atyz bejerip, ekin ekmäge rugsat bersem has ýerlikli boljakdygyny aýtdy. Şonda ekiş üçin näçe däne süýşýän bolsa ýere sepip, indiki hasyla çenli garaşyp ýatybermeli boljakdyk. Şeýlelikde, onuň ildeşleri gelen çaky hemmämize bol-elin ýeter ýaly azyk ätiýaçlygyny döredip biljekdik. Ispan, ýogsam bolmasa, iýmit ýetmezçiliginiň öz ildeşleriniň hyňranyşmagyna sebäp boljakdygyny, onsoň olaryň, «bir dertden sypyp, başga bir derde uçradyk» diýşip, nar-nadyl bolmagynyň ähtimaldygyny aýtdy. «Özüňizem bilýänsiňiz» diýip, ol sözüni soňlady. — «Ysraýylogullary hem Müsürden gaçyp sypandyklarna ilkibaşda begenipdiler, ýöne çöl-beýewanda bir

döwüm çöreksiz galan wagtlary, özlerini halas eden Allatagalanyň garşysyna topalaň turuzypdylar».
Onuň oýlanyşykly pikiri şeýle bir jüpüne düşüpdi, beren maslahaty şeýle bir göwnejaý bolupdy welin, men onuň bu teklibiden örän hoşal boldum, wepaly hereketine juda begendim. Soňra biz elimizde bar bolan tagta abzal-gurallar bilen, dördimiz dört ýerden atyz çekmäge girişdik.Göni tohumsepilýän wagta gabat gelen bir aýlyk wagtyň dowamynda ýigrimi iki buşel arpa bilen on alty küýze şaly tohumyny ekmäge ýeterlik giňişlik atyzy bakyp-bejerip taýýarladyk. Biziň bar süýşürip bilen dänämiz ýaňky aýdanymdan ybaratdy. Dogrusy, harman wagtyna çenli bar bolan alty aýlyk döwür üçin özümize ýygnap goýan arpadyr şalymyz bilen kör-oňňut etmeli boljagymyz görnüp durdy. Men bu hasaby däneleri bir ikä bölen günümizden başlap hasapladym, sebäbi bu yklymda tohumyň ýeriň aşagynda hökman alty aý ýatjagynyň bellisi bolmaýardy.
Indi, bizem çaklaňja bir jemgyýete öwrülipdik we öz adam sanymyza arkalanyp, juda köp bolup geläýmeseler, onda ýabanylaryň çozuş etmeginden kän bir gypynç etmeýärdik. Maý tapdygymyzdan adanyň içinde erkana gezmäge çykýardyk. Indi bar oý-pikirimiz bu ýerden gaçyp sypmakda bolansoň, iň bolmanda, meniň özüm, şol gaçyşda gerek boljak taýýarlyklar hakynda kelle döwmekden saklanyp bilmeýärdim. Şol maksat bilen, men deregimize ýarar öýden birtopar agajymy çelgiläp çykdym we Anna bilen kakasyna şolary çapdyrdym. Soňra bolsa, ispan bilen şol mesele boýunça öz pikirlerimi paýlaşdym we onuň şol işe esewan bolup, ataly-ogluň işlerini ugrukdyrmagyny tabşyrdym. Men Anna bilen kakasyna ullakan bir agajy ýasy tagtalara bölüp çykmak üçin, nähili abyrsyz zähmet çekendigimi düşündirdim-de, edil meniň edişim ýaly işläp, berk dub agajyndan ini iki fut, uzynlygy otuz bäş fut, galyňlygy 2-4 dýuým çemesi on iki sany ýasy tagta ýasatdym. Bu işiň neneňsi ummasyz zähmeti talap edendigi okyjynyň gözöňüne gelýändir.
Şol bir wagtyň özünde, men eldeki geçi sürimiň baş sanyny mümkin boldugyça köpeltmäge synanyşdym; hut şol maksat bilen, biz gezekleşip, bir gün Anna bilen ispan, birgün men bilen Annaikibir bolup, awa çykyp ugradyk. Biz ene geçi atan wagtymyz, owlaklaryny diri tutup agyla gabaýardyk. Şeýde-şeýde, biz jemi ýigrimi töweregi ýaşajyk owlagy sürä goşmagyň hötdesinden geldik. Emma welin, iň esasy zat, üzümleriň bişýän möwsümi geleip ýetende başlady. Biz küde-küde edip, şeýle bir köp üzüm serip çykdyk welin, eger biz ispanlaryň kişmişden çakyr öndürýän Alikante şäherinde bolan bolsadyk, onda altmyş-segsen barrel töweregi çakyry gürrüňsiz taýýarlap bilerdik. Şol kişmişler çörek bilen bilelikde biziň azygymyzyň esasy bölegini düzýärdi. Dogrusy, onuň sagdyn durmuşyň biçak ýokumly höregidigini aýtsam öte geçdigim bolmaz.
Basym orak möwsümi hem gelip ýetdi we biz ekinden bol hasyl aldyk. Bu hasyl, elbetde, adada şu wagta çenli gören iň bereketli hasylym däldi, ýöne, barybir ol biziň tutan maksadymyza daş ýany bilen ýetjekdi. Sebäbi, ýigrimi iki buşel arpany iki ýüz ýigrimi buşelden geçirip alypdyk. Şaly hasyly hem on esse çykypdy. Bu däne ätiýaçlygymyz, on altı sany ispany ýanymyza getiräýenimizde-de, hemmämize indiki hasyl möwsümine çenli ýeterlik boljakdy. Eger-de, dünýäniň islendik bir künjegine,

aýdaly, Amerikanyň islendik bir sebitine baka ýüzüşe çykmaga şaýlansak, onda şol hasyl bilen gämini mas ýükläp, ýolboýy azyga-çörege zar boljak däldik.

Şeýlelikde, biz orak orup, döwek döwüp, hasyly ammara basanymyzdan soňra, sebet örmek işine girişdik, içine arpa, tüwi guýar ýaly ullakan sebetleri örüp başladyk. Bu senede ispanyň eli juda ezber ekeni, ol näme üçin şu hili çybyklardan gorag haýatlaryny örmeýändigimizi sorap, meni birsyhly kötekleýärdi. Emma, men muňa hiç hili zerurlyk görmeýärdim.

Garaşylýan myhmanlaryň ählisine ýeterlik azyk-suwlugy jemläp dynamsoň, ispanyň gabat-garşydaky guryýere gidip, ol ýerde galan ildeşlerini idäp-soramagyna rugsat berdim. Men oňa pugta tabşyryklar berişdirdim. Eger-de, kimde-kim şu adada özüni myhman aljak, ýagşylyk edip, halas etmek üçin yzlaryndan adam iberen iňlise, ýagny maňa hiç hili zyýan bermejegine, üstüme hüjüm edip, meniň bilen tutluşmajagyna, eger bardygeldi şu zeýilli pälini bozan tapylaýsa, onda meniň bilen deň durup, meni gorajagyna, haýsy ýurda ýüzüp gitsek-de, maňa doly tabyn bolup, meniň sözümden çykmajagyna garry ýabanynyň we özüniň öňünde ähdi-peýman etse, diňe şolary ýany bilen alyp gaýtmagyny tabşyrdym. Bärik gaýdarman bolan her bir deňizçä dilhat ýazdyryp, aşagyna-da gol çekdirmegini berk sargadym. Olarda galamdan-syýadan düşnük ýokduguny bilip duran-da bolsam, men muňa kän bir pitiwa etmedim. Olaram sorap durmadylar.

Şol tabşyryklary bek belläp, ispan bilen Annanyň kakasy — garry ýabany öň münüp gelen, has dogrusy, içine oklanyp, iýmäge alnyp gaýdylan gaýyklarynyň birine münüp, ýola düşmäge taýýarlandylar. Men olaryň hersine çakmakly muşket, sekiz atymlyk ok-däri berdim-de, ony biçak tygşytly saklamaklaryny, juda bir aldymberdimli gyssaga düşmeseler, atyp zaýalamazlygy tabşyrdym.

Olaryň ýüzüşe çykmagy meniň üçin çeni-çägi ýok şatlykly wakady. Indi ýigrimi ýedi ýyl gowrak wagtyň içinde, bu meniň şu adadan gaçyp gutulmak üçin eden ilkinji hakyky synanyşygym boljakdy. Men olaryň özlerine telim günläp, dostlaryna-da sekiz gün töweregi ýeterlik boljak çörek bilen kişmişi gaýyga ýükledim-de, olara ak ýol arzuw etdim. Gaýdyşyn kenara ýetmänkäler, olaryň dolanyp gelýändigine uzak aralykdan düşünerim ýaly, gaýyga bir yşarat iltemek barada ylalaşdyk.

Meniň ýöredýän hasabym boýunça olar oktýabrda, on dördi gijäniň dolan aýynda mylaýym öwüsýän şemalyň bady bilen ýola düşdüler. Günleriň takyk hasaby barada aýtsam, ozalky gezek bulaşdyralymdan bäri, ony gaýdyp düzedip bilmändim. Dogrymy aýtsam, ýyllaryň hasabyny hem bulaşdyraýan ýalydym, ýöne soň-soňlar hasaplap görsem, asyl men ýyl hasabyny anyk ýöreden ekenim.

Ispan bilen ýaşula garaşyp ýörenime sekiz gün töweregi bolsa bolandyr. Şol gün, megerem, taryhda kän bir görlüp-eşidilmedik, geň, oslagsyz bir waka bolup geçdi.

Şol gün ir bilen, men öz howlymda parahat uklap ýatyrdym.Birdenkä hyzmatkärim Anna «Hojaýyn, hojaýyn! Gelýäler, gelýäler!» diýip, uly-ili bilen gykylyklap, ylgaşlap ýanyma geldi. Men böküp ýerimden turdum-da, hasyr-husur üst-başymy geýnip, howp-hatary kelläme-de getirmän, tokaýjykdan daşarlygyna atylyp çykdym (indi oňa tokaý diýiberseň-de boljakdy). Howp-hatary kelläme-de getirmändirin diýýänim, men öz hemişeki endigimi bozup, ýanyma ýarag almandym. Deňze bakan

seredimde, haýran galmakdan ýaňa agzymy açyp galdym — bir ýarym liga çemesi uzaklykda, üçburç ýelkenli bir gaýyk adanyň kenaryna bakan ýüzüp gelýärdi. Ugurdaş şemalyň ugry bilen ol barha ýakynlaşýardy. Ol gaýyk goňşy ada tarapdan däl-de, eýsem günorta tarapdan gelýärdi.
Men muny görüp, Annany ýanyma çagyrdym-da, tokaýjykda gizlenmegi buýurdym, çünki bular biziň garaşýan adamlarymyz däldi. Olaryň dostdugyny-duşmandygyny entek bilmeýärdik.
Onsoň, men gaýygy mazaly synlamak üçin, howla girip, dürbimi alyp çykdym. Bir zatdan howatyrlanan wagtlarym edişim ýaly, assyrynja bukulyp, daş-töweregi has oňat synlamak üçin, merdiwany söýedim-de, baýryň eňňidine dyrmaşdym.
Baýra münüp-münmänkäm, günorta-gündogar tarapda, meniň howlymdan takmynan iki ýarym liga daşlykda labyr taşlan bir gämä aýyl-saýyl gözüm düşdi. Kenar bilen gäminiň arasynda bir ýarym liga aradaşlyk bardy. Eger ýalňyşmaýan bolsam, onuň iňlis gämisidigi äşgär görnüp durdy. Bäriligine gelýän gaýyk bolsa, iňlis barkasy bolup çykdy.
Bu täzeligiň meni nähili haýran galdyryp, aljyraňňylyga salandygyny aýtmaga söz, görmäge göz gerekdi. Elbetde, iňlislerden, ýagny öz ildeşlerimden dolup gelýän gämini görmegiň döreden şatlygy hiç zadyň çeni-çaky däldi. Emma, her niçik-de bolsa, nireden dömüp çykany näbelli, düşündirip bolmaýan gizlin bir şübhe göwnüme gara salyp, ätiýaçly bolmagymy ündäp başlady. Ilki bilen, «dünýäniň bu gyrak-bujagynda iňlis gämisi näme işläp ýörkän?» diýen sorag kelläme geldi, sebäp diýseň, bu jelegaýlar iňlis täjirleriniň söwda edýän ýurtlaryna barýan ýollardan örän sowaşak ýerleşýärdi. Ýele-gopguna duçar bolup, ygyp gelendirler diýseň, bu golaýlarda apy-tupan hem turmandy. «Häk, bular hakykatdanam iňlis bolsa, onda bu ýerlere eýgilige-hä gelen däldirler. Ogry-jümrüleriň, ganhorlaryň eline düşenimden-ä, öňküje oňňudym bilen geziberenim müň paý gowy» — diýip, men öz ýanymdan içimi gepletdim.
Adam ogly käýarym ýüreginde çyndyr öýdülip güman edilmeýän, ýöne howply ýagdaý barada habar berýän pynhan duýgular, syzgylar dörän mahaly, olara geleňsiz garamaly däldir. Şeýle duýgulardyr syzgylaryň käbir zatlary dogry görkezýändigini inkär edip biljek örän az-az adam barmyka diýýän. Olaryň göze görünmeýän bir dünýäniň käbir alamatlary, ruhlaryň arasyndaky özara habarlaşmalar bolup durýandygy gürrüňsizdir. Üstesine-de, bize howp-hatar barada duýdurmaga ymtylýan halyna, näme üçin olaryň biziň bähbidimize däldigine ynanmalymyşyk? Ol duýdgularyň isle ýokarrak, isle-de pesräk ýerden geleniniň bize näme zeleli bar? Gep onda däl ahyryn.
Şu wagt gürrüň berip oturan wakam şol pikirimiň mamladygyny aňryýany bilen esaslandyrdy. Sebäbi, şol gizlin duýgyny ýüregim syzmadyk bolsady, onda gutulgysyz işim gaýtjak ekeni, onda-da, öňkimden bäş beter güzaba uçrajak ekenim. Muny siziň özüňizem görersiňiz.
Men baýryň ýapgydynda uzak bukulyp durmaly bolmadym. Basym barkasyň kenara ýanaşmak üçin amatlyja köwjagaza agtarýan ýaly, kenara ýakynlaşandygy göründi. Ýöne, aradaşlyk uzak bolansoň, barkasda oturanlar meniň ozal sal bilen ýük daşan

kiçijek buhtajygyny saýgarmadylar-da, howlymdan takmynan ýarym mil çemesi uzaklykdaky kenarýaka çykdylar. Meniň çöregim bitin ekeni, ýogsam, olar göni gapymyň öň ýanyna gabatlap, barkasdan düşüp bilerdiler ahyryn. Onsoň gelmişekleriň meni galajygymdan kowup çykaryp, bar emlägimi talaňa salmagy gaty ähtimaldy.
Kenara çykan wagtlary men olaryň iň bolmanda köpüsiniň iňlisdigine magat göz ýetirdim; aralarynda birki sany golland hem bardy öýtdüm, ýöne däl ekenler. Gelenler jemi on bir sany adamdy, olaryň üç sanysy bolsa, eli-aýagy daňylgy ýaragsyz adamlardy. Çägesöw kenara ilki bilen böküp düşen dört-bäş sany adam ol üçüsini edil ýesir ýaly süýrekläp barkasdan düşürdiler. Şol üç adamyň biri iň bir gözgyny halda el-aýagyny daldaladyp, umytsyzlykdan, gussadan ýaňa ikibaka delmurýardy. Beýleki ikisi bolsa, aram-aram gollaryny asmana uzadyşyp, biçak aladaly görünýärdiler, ýöne birinji ýesire garanyňda olaryň özüni alyp barşy elhalrakdy.
Men bu görnüşe seredip, näme-näme bolýandygyna düşünmän, äm-säm bolup durdum. Anna iňlisçe çalgyrtlap: «Waý, hojaýyn! Seret, iňlislerem ýabanylar ýaly adam iýýär» — diýende, men oňa: «Näme, Anna, sen olar ýesirleri iýer öýdýäňmi?» diýip ýüzlendim. Ol «Hawa, iýerler» diýip, ýüzüme dikanlady. «Ýok, iýmezler. Ýöne öldürerlermikä diýip gorkýan. Olaryň adam etini iýmejeginden gaty arkaýyn bol» — diýip, men ony köşeşdirdim.
Tutuş şol wagtyň dowamynda, aslynda, meniň özüm näme bolup geçýändigine düşünmän durdum, ýöne bu elhenç sahnadan ýaňa galpyldap, islendik pursatda bir ýesiriň öldürilmegine garaşýardym. Birdenkä men bir näkesiň ullakan gamany, ýa-da, deňizçiler aýtmyşlaýyn, gylyjy ýokaryk göterip, ýesirleriň birini çapmaga hyýallanýandygyny gördüm. Ol görgüliniň şalkyldap ýere ýazylaryna garaşyp, gorkudan ýaňa haýygyp, bütin endam-janym gurap galan ýaly boldy. Men ispanyň hem-de ýaşuly ýabanynyň ýanymda ýokdugyna biçak ahmyr edýärdim. Garakçylaryň elinde tüpeň ýokdugyny görüpdim, şonuň üçinem, olaragörünmän, ok atym aralyga ýakynlaşyp, ýesirleri halas etmegiň alajyny gözleýärdim. Ýöne, meniň kelläme başgaçarak bir pikir geldi.
Men ol üç adama örän ýowuz daraşýan bihaýa deňizçileriň, hamana diýersiň, degre-daşy synlajak bolýan ýaly, adanyň dürli künjeklerine ylgaşlap başlandyklaryny gördüm. Olar gitmänkäler, ýesirlerellerini-aýaklaryny çözüpözbaşlaryna galdyrdylar. Olaryň üçüsem çök düşüp, gam laýyna batyşyp, näumyt halda otyrdy.
Bu ahwaly synlan mahalym, şu ada ilki gelip düşenimde dumly-duşa garamaga başlaýşym, öz-özümden göwnüm geçip, lapymyň keç bolşy, gorkudan ýaňa gözlerimi elek-çelek edip, kelläme elhenç pikirleriň köwsarlaýşy, ýyrtyjy haýwanlar düýt-müýt edäýmesin howatyry bilen uzakly gijäni agajyň üstünde ýatyp geçirişim hakydama geldi. Meniň şol gije şu günki güne deňiç uzak wagtlap öz günemamy dolamagyma ýaran gämini Allatagalanyň harasat we daşgyn arkaly adanyň golaýyna getirjeginden buhabar bolşum ýaly, ol üç biçäräniň hem halas bolmagynyň nähili ýakyndygyndan, täleýleri ters aýlanyp, ähli umytlaryndan el üzüp oturan şu pursatlarynda, aslynda, özleriniň nähili elin, howpsuz ýagdaýdadykylaryndan habarlary ýokdy. Ine, biziň

geljegi bar saýgaryp bilşimiz. Dogrusyny aýtsaň, älem-jahany ýaradan Biribardan umyt üzmezlige, Oňa hemişe gülüp-oýnap bil baglamaga örän köp sebäp bar. Ol öz bendelerini hiç haçan gutarnykly çäresizlikde goýmaýar. Iň çökder ýagdaýlarda hem adamlaryň şükür etmegine esas bolarlyk bir zat hökman tapylýandyr. Kämahallar ýagyrnyňa ýel çalmagy seniň çak edişiňden has çalt bolýar. Hatda, biziň öz heläkçiligimiz hökmünde görýän bir zadymyz, aslynda, halas bolmagymyzyň serişdesi bolup çykýar.
Garakçylar kenara çykan pillesi daşgyn dowam edýärdi, olar daş-töweregiň nä jüre ýerdigini biljek bolup onda-munda selpeşip ýörüşlerine, gaýtgyn başlaýança bar wagtlaryny bihuda geçirdiler. Indi, suw yza çekilensoň, olaryň barkasy çägesöw saýlyga batyp galyberipdi.
Olar barkasda iki sany sakçy goýupdylar, görüp otursam, olar içip bilen brendisini içip, uklap galan ekenler. Bolsa-da, sakçylaryň ukusy ýeňilrägi oýanyp, barkasyň bir özi gozgardan has ymyklyrak batandygyny gördi-de, golaý-goltumda kaňkaşyp ýören ülpetlerine gygyrdy. Olar çakylygy eşiden batlaryna duran-duran ýerlerinden eňişip, barkasyň daşyna üýşdüler-de, ony suwa bakan iteklemege başladylar. Ýöne, barkas örän agyr bolansoň, kenarýakanyň ykyrdap duran, ownujak süýşýän çägesinde ol gurrumsaklaryň biderek arrygyny gynany galdy.
Şeýle bolansoň, garakçylar ertirki günüň gamyny iýmeýän hakyky deňizçiler kimin, barkasly işi biryani goýdular-da, ýene adada köw-söw etmäge dagadylar. Olaryň biriniň barkasda oturan garakça, gaty ses bilen iňlisçeläp: «Ýeri bolýar eken-dä, Jim! Daşgyn başlansoň onuň özem, baý, ýüzer-ä» — diýip, gygyrýandygy gulagyma ildi. Şeýlelikde, bularyň öz ildeşlerimdigi baradaky esasy çaklamam indi doly ýerine düşüpd.
Tutuş şol wagtyň dowamynda men ýerimden gozganman durdum. Baýryň depesindäki gözegçilik postumdan başga hiçbir ýere butnamaga bognym ysmaýardy. Howlymy nähili ygtybarly edip gurandygyma öz ýanymdan begenmek-begenýärdim. Daşgyn başlap, barkas ýüzýänçä iň bolmanda ýene on sagat gerek boljakdygy bellidi. Oňa deňiç garaňky gatlyşjakdy, onsoň men olaryň hereketlerini yzarlap, gep-gürrüňlerini arkaýyn diňläp biljekdim.
Şol iki arada, men ýene öňki sapardaky ýaly çaknyşyga taýýarlyk gördüm, ýöne bu gezekki duşmanyň ýabanylaryň çaky däldigini bilýändigim sebäpli, has ätiýaçly hereket edýärdim. Menden tälim alyp, ussat mergen bolup ýetişen Annaok-ýaragyny şaýlamagyny buýurdym. Özüm iki sany aw tüpeňini aldym, oňa-da üç sany muşketi tutdurdym. Meniň daşky görnüşim diýseň gazaply görünýärdi — geçi derisinden tikilen haýbatly ýapynjamy geýnipdim, kellämde ozal gürrüň beren äpet başgabym, bilimde ýalaňaç gamam bardy, kemerime iki sany sapança gysdyrylgydy. Elimdäki tüpeňleri egnime atyp barýardym.
Ýaňky aýdyşym ýaly, meniň niýetim garaňky düşýänçä hiçhili synanyşyk etmezlikdi; ýöne, gün süýr-depä çykan mahaly, günortan sagat ikilerde garakçylartokaýyň içinde eýläk-beýläk pytrap, çaklaýşym ýaly, hersi bir ýere süýnüp ukladylar. Alada etmekden ýaňa gözüne uky girmedik ýesir görgüliler bolsa, menden çärýek mil

uzakda, ullakan bir agajyň kölegesinde otyrdy. Göräýmäge, olar beýlekileriň göz ýeterinden daşda bolmalydy.

Şeýle bolansoň, men olara görnüp, hal-ahwallaryny soraşdyryp görmegi ýüregime düwdüm. Men haýal etmän, hälki aýdan keşbimde, şol agaja tarap ýola düşdüm, meniň gara-görnüm yzymdan bolsa, büküdikläp Anna gelýärdi. Ýöne, ok-ýaragy ýetik hem bolsa, onuň daşky sypaty edil meňkiçe salkam-sajak, eleşan däldi.

Men başardygymdan görünmejek bolup, ýesirleriň ep-esli golaýyna bardym we meni görüp ýetişmänkäler öňürtdim-de, sesimi gataldyp, ispança: «Jenaplar, siz kim bolarsyňyz?» — diýip seslendim.

Ýesirler «wäh» diýlen ýaly, laňňa ýerlerinden turdular we meniň eleşan sypatyma gözleri düşüp, aljyraşyp, aňka-taňka boldular. Olar jogap berenden-ä geçen, gaýtam, ýaňy bir iňlisçe geplejek bolan pilläm, aňrylygyna bakan ökjäni götärligöründi. Men «Jenaplar» — diýip, söze başladym. — «Menden gorkup oturmaň. Belki, beýle waka bolar öýdüp güman hem eden dälsiňiz, ýöne, bu duran siziň dostuňyz». Olaryň biri şlýapasyny çykardy-da: «Onda ol göni gökden inen bolmaly, sebäbi, biziň ýagdaýymyz adam kömek ederden çökderräk» — diýip, agras jogap berdi. Men «Elbetde, ähli kömekler Biribardan gelýär» — diýip, sözümi dowam etdirdim. — «Keseki adama size nähili kömek etmelidigini düşündirseňiz niçik bolarka? Görýän welin, halyňyz juda harap bolarly. Men sizi kenara aýak basan pursadyňyzda gördüm. Ýanyňyz bilen gelen näkeslere ýalbarşyňyza, olaryň biriniň sizi öldürmek üçin gylyç syranyna gözli şaýat boldum».

Ýüzünden boýur-boýur gözýaş syrygyp gaýdan ol görgüli galpyldap: «Eý hudaý, meniň bilen gürleşip duran kim? Sen hakyky adammyň ýa gökden inen perişdemiň?» — diýip, maňa ýüzlendi. Men oňa: «Jenap, arkaýyn bolaýyň, menem özüňiz ýaly adam» — diýip, jogap berdim-de, sözümi dowam etdirdim. «Eger Allatagala sizi halas etmek üçin perişde iberen bolsady, onda onuň ebti-başy meniňkiden ibalyrak bolardy, ok-ýaragy hem meniňkiler ýaly bolmazdy. Şonuň üçinem, ýaýdanyp oturmaň, men adam, özümem iňlis. Başarsam size kömek etmekçi. Görşüňiz ýaly, meniň diňe hyzmatkärim bar, ýöne biziň ýaragymyz, ok-därimiz ýetik. Çekinmäň-de aýdyberiň, size nepimiz degermi? Bu bolýan zatlar nämäniň alamaty?»

Ol «Ganhorlarymyz şu töwerekde ýatyrka, biziň gürrüňimiz derrew aýdyp gutarardan kän» diýip gepläp ugrady. «Gepi uzadyp oturmaýyn, men şol duran gäminiň gämibaşydym. Meniň ekipažym gämide gozgalaň turuzdy. Bu ganhorlara ýalbar-ýakar, höre-köşe edip, janymy zordan halas etdim. Onsoň, olar meni şu iki adam bilen bilelikde şu çola ýere taşlap gitmäge razy boldular. Bularyň bir-ä meniň kömekçim, beýlekem ýolagçy. Bu adada janly-jemende bardyr öýtmän, ajalymyza garaşyp otyrdyk. Indem, näme edip, näme goýjagymyzy bilemzok» — diýip, ol sözüni soňlady.

«Hany şol gurrumsaklar?» — diýip, meniň ganym depäme urdy. «Olaryň nirä siňenlerini bilýäňizmi?» «Han-ha, ho taýda ýatyrlar» — diýip, gämibaşy tokaýyň içindäki gür agaçlyk ýere bakan elini uzatdy. «Olar bizi görüp, gep-gürrüňimizi eşidendirler öýdüp, şu wagt ýüregim agzymdan çykyp gelýär. Eger şeýle bolaýsa, onda olar bizi diri goýmazlar».

«Olaryň tüpeňleri barmy?» — diýip, men sowal berdim. Ol «Olaryň diňe iki sany tüpeňi bar, olaryň birini barkasda goýdular» — diýip, jogap berdi. «Örän ajap» — diýip, men bu jogaba begendim. «Galan işi maňa goýuň. Görýän welin, gozgalaňçylar şu wagt süýji uka giden ýaly. Olary birýan ujundan pürreläp çykmak işiň aňsady. Ýöne, olary ýesir alaýsak niçik bolarka?» Muny eşiden gämibaşy olaryň arasynda iki sany ýolýitiren näkesiň bardygyny, olaryň ganyny geçmegiň howply boljakdygyny aýtdy. Gämibaşy şol ikisiniň merkini berip bolsa, beýleki deňizçileriň hemmesiniň öz borçlaryna dolanyp barjakdygyna biçak ynanýanygyny aýtdy. Men ondan şol ikisini görkezmegini soradym. Ol maňa munça uzak aralykdan ol ikisini saýgaryp bilmejekdigini, ýöne men näme buýruk bersem, akgöwünlilik bilen berjaý etmäge taýýardygyny mälim etdi. «Ýeri, bolýa» diýip, men sözümi dowam etdim. «Olar oýanmaz ýaly, bu ýerden uzagraga gideliň. Näme etjegimiz barada şol ýerde bir çukura tüýküreris». Onsoň, olaryň üçüsem göwünjeňlik bilen yzymyza düşüp, tokaýyň gozgalaňçylara görünmeýän gür ýerine çenli gaýtdylar.
Men ýene gämibaşa ýüzlenip: «Diňläň, jenap» — diýdim. «Eger size halas etmege töwekgelçilik etsem, onda siz meniň iki sany şertimi kabul etmäge taýýarmy?» Men entek şertlerimi aýdyp ýetişmänkäm, Gämibaşy özüniň hem-de, eger alyp bilsek, öz gämisiniň her bir jähtden meniň buýrugyma we görkezmelerime tabyn boljakdygyny, bardy-geldi gämini ele geçirip bilmesek, onda özüni dünýäniň haýsy çetine ibersem-ibereýin, meniň üçin ýaşap, meniň üçin jan berjekdigini tekrarlady. Onuň ýanyndakylar hem şol bir zatlary aýtdylar.
Onsoň, men «Bolýar» diýdim we sözümi dowam etdirdim. «Meniň şertim şular: birinjiden, şu adada meniň ýanymda bolan wagtyňyzda, hiç bir mesele boýunça özüňizi ygytýarly diýip hasap etmäň. Eger size tüpeň bersem, haçan islesem, olary yzyna tabşyryň. Şu adada men ýa-da maňa degişli islendik zat barada betniýetli pygyllara ýüz urmaň. Bir diýenimi iki gaýtalatman berjaý ediň. Ikinjiden bolsa, eger gämini ele salmagyň hötdesinden geläýsek, onda meni hem-de hyzmatkärimi kör-köpük töletmän Angliýa alyp gidiň».
Gämibaşy meniň akylly-başly talaplarymy doly berjaý etjekdigine, onuň üstesine, tutuş ömrüni maňa bagyş edip, tä peýmanasy dolýança, her bir pursatda maňa minnetdar boljakdygy barada adamyň kellesine gelip, ýüreginde döräp biljek ähli antlary içip, wada berdi.
«Onda, näme, urşuň geňeşi ýok» diýip, men söz nobatyny aldym. «Ine, size üç sany muşket, ine-de, däri bilen ok. Hany, indi, aýdyň bakaly, biz nähiliräk hereket etsek gowy bolar?» Gämibaşy elinden geldiginden minnetdarlyk baryny bildirip, özleriniň meniň agzyma garaýandyklaryny aýtdy. Onsoň men: «Näme edenimizde-de, töwekgelçilik uly. Meniňçe, iň gowusy, olar şindi uklap ýatan pillesi, üstlerini basalyň-da, barymyz bilelikde ot açalyň. Okdegip, ölen-ä öler, ölmän sag galanlara-da boýunegmeklerini teklip ederis. Kime ok degjegini bolsa, Biribaryň takdyryna goýalyň» — diýip, kellämdäki pikiri beýan etdim.
Gämibaşy biçak sypaýyçylyk bilen, mümkin bolsa, gan dökmezligiň tarapdarydygyny aýtdy. Emma, gämide topalaň başladan şol iki bihaýa haramzadany sypdyrmaly däldigini hem nygtady. Eger gaçyp sypaýsalar, onda olaryň gämä baryp,

tutuş ekipažy üstümize sürägede, hemmämiziň ýogumyza ýanjakdygy, hakykatdan hem, görnüp durdy. «Onyň dogry-la» — diýip, men ýene öz planymy öňe sürüp: «Zerurlyk meniň maslahatymy mamla görkezýär, sebäbi, biziň halas bolmagymyzyň şundan başga çykalgasy ýok ahyryn» — diýdim. Şeýle-de bolsa, Gämibaşyyň barybir gandöküşiklige göwnemeýändigini görüp, men oňa özleriniň gidip, näme edesleri gelse, şony etmeklerini aýtdym.

Şeýdip gepleşip durkak, biz käbir deňizçileriň oýanyp ugrandygyny aňdyk, basym olaryň iki sanysy ýerinden turdy. Men Gämibaşydan «Olar şol pitne turuzanlarmy?» diýip soradym. Ol «Ýok» diýip jogap berdi. Men: «Onda olar gaçsa gaçybersin, belkem, halas bolmaklary üçin olary Biribaryň özi oýarandyr» — diýip, sözümi dowam etdirdim. «Ýöne, beýlekiler gaçyp sypaýsa welin, onda günäsi siziň boýnuňyza bolar».

Gämibaşy, şol söze gylawlanyp, özüne uzadan muşketimi eline alyp, biline-de sapançany gysdyrdy we elleri muşketli iki ýoldaşyny öňüne düşürip, gozgalaňçylara baka ýöräp ugrady. Ýaňky oýananlaryň biri öňden barýanlaryň aýak sesine üşerilip, dikeldi-de, daş-töwerege göz aýlady. Ol eli ýaragly ätmerläp gelýän pyýadalary göreninden uly gykylyk bolup, ýatanlary örüzmäge synanyşdy, ýöne ol örän gijä galypdy. Ol ýaňy bir gygyran pursadynda Gämibaşyyň kömekçisi bilen ýolagçy eýýäm mäşäni gysyp ýetişdi. Gämibaşy pähimli hereket edip, öz tüpeňini atman saklandy. Kömekçi bilen ýolagçy esasy topalaňbaşçylary örän gowy nyşanalap atan ekeni — olaryň biri şol bada takga jan berdi, beýlekisi bolsa, agyr ýaralandy, ýöne onuň heniz jany bardy. Onsoň ol entirekläp ýerinden galdy-da, janhowluna haraý isläp, öz ülpetlerine gygyrdy. Emma welin, Gämibaşy onuň ýanyna bardy-da, indi kömek sorardan giçdigini aýdyp: «Sen gowusy, eden etmişiňi bagyşlamagy üçin Biribara ýalbar» diýägede, garakça bir agyz geplemäge-de maý bermän, muşketiň gundagy bilen kellesine jaýdar gülçüldedip, ýere ýazdy. Ýene üç sany deňizçi galypdy, olaryňam biri gyltyzrak ýaralanypdy. Oňa çenli men hem ol ýere baryp ýetdim. Ol üçüsi üstlerine abanýan howpy görüp, indi garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyna düşündiler-de, rehim etmegimiz üçin ýalbaryp ugradylar. Gämibaşy dönüklik edendiklerine puşman bolandyklaryna kepil geçip, gämini täzeden basyp almaga hem-de ony Ýamaýka adasyna yzyna alyp gitmäge tüýs ýürekden, wepaly kömek etmäge ant içseler, onda olaryň ganyny geçjekdigini aýtdy. Olar ýerli-ýerden biri-birlerinden öňürdip ant içişip, awy ýalamaga başladylar. Gämibaşy hem olaryň sözlerine ynam bildirip, olary öldürmezlige ýykgyn edýärdi. Men muňa garşy bolup durmadym, ýöne tä adadan gidýänçäler olaryň elini-aýagyny daňyp goýmagyny talap etdim.

Şol aralykda, men Gämibaşynyň kömekçisi bilen Annany barkasyň ýanyna gidip, ýelkenini we küreklerini allowarra aýryp goýmaklaryny tabşyryp, kenara ugratdym. Olar aýdyşym ýaly hem etdiler. Şol wagt, (maňlaýlary çekip) adada aýlaň-çaýlaň etmäge giden beýleki üç sany deňizçi hem tüpeň sesini eşidip dolanyp geldi. Olar öz ýesirleri bolan Gämibaşynyň indi rüstem çykandygyny görensoňlar, el-aýaklarynyň daňlyp goýulmagyna razy boldular. Şeýlelikde, biziň ýeňşimiz doly şowlulyk bilen dabaralandy.

Bu işi birýaňalyk edenimizden soň, Gämibaşy bilen biri-birimiziň hal-ahwalyny soraşmaga gezek geldi. Gürrüňe ilki men başladym we bütin hekaýamy bolşy-bolşy ýaly aýdyp berdim. Gämibaşy meniň başdan geçirenlerimi örän gyzyklanyp, haýran galyp diňleýärdi. Ylaýta-da, ol, meniň nesibäme, azyk hem-de ok-däri tapylyşyna biçak geň galdy. Aslynda, meniň hekaýam başdan-aýaga geň-enaýy başdan geçirmelerden doly bolansoň, ol näme aýtsam, haýran galyp otyrdy. Soňra Gämibaşy bu gürrüňleri saldarlap birsellem oturdy-da, meniň, göýä diýersiň, şunça ýyllap, onuň janyny halas etmek üçin, şu çola adada ýaşan ýalydygymy aýdyp, hamsykdy. Onuň gözlerinden boýur-boýur ýaş gaýtdy, damagy dolup, ýeke agyz gepläp bilmedi.
Men gürrüňimiz gutaransoň, ony hem-de iki sany ýoldaşyny öz howlyma alyp gaýtdym. Biz howla adaty girelgeden, ýagny bassyrmadaky gapyjykdan girdik. Men olara golda barymdan hödür-kerem etdim. Nahardan soň, men öz myhmanlaryma şu adada ýaşan çakdanaşa uzak wagtymyň dowamynda oýlap tapan ähli açyşlarym, abzal-gurallarym barada gürrüň berdim.
Meniň görkezýän, aýdyp berýän zatlarym olar üçin biçäk täsindi. Emma, Gämibaşy bar zatdan beter meniň guran berkitmeli haýatlaryma, öz howlymy kiçeräk tokaýjygyň içinde ussatlyk bilen gizleýşime telpek goýdy. Hakykatdan-da, ýigrimi ýyl ozal oturdyp çykan nahallarym, bu ýerde Angliýadakydan has çalt ösüp, indi ok ursaň geçmejek sümme tokaýa öwrülipdi. Agaçlaryň arasy şeýle bir gysbydy welin, ilkibaşda ýörite goýan egrem-bugram ýodajygymdan başga hiç bir ýerinden ýöräp geçmek mümkin däldi. Men olara bu howlynyň meniň galajygym hem-de hemişelik ýaşaýan mesgenimdigini aýtdym. Ondan başga-da, edil begzadalaryňky ýaly, göwün açmak üçin, jülgede käýarym dynç almaga gidýän telärli mülk ýerimiň bardygyny hem gürrüň berdim. Men öz myhmanlaryma olary jülgedäki ýerime başgabir gün äkitmäge söz berdim, sebäbi, indi gämini nädip yzyna gaýtaryp almalydygy barada kelle döwmelidi. Gämibaşy meniň pikirimi unady, ýöne özüniň halys kelebiň ujuny ýitirendigini boýun aldy, çünki gämide şol dildüwşükli etmişe goşulan ýene-de ýigrimi alty sany deňizçi bardygyny aýtdy. Gämibaşynyň aýdyşyna görä, baş goşan hyýanatçylykly dildüwşükleri sebäpli, gämidäki gozgalaňçylaryň hemmesi kanun boýunça ölüm jezasyna hököm ediljekdi.Eger bize tabyn bolaýsalar, Angliýa ýa-da islendik bir iňlis koniýasyna baran wagtlary, dar agajyndan asyljakdyklarynaolar gaty gowy düşünýärdiler. Şonuň üçinem, olaryň umytsyzlykdan ýaňa guduz açana dönjegi aýnada gören ýalydy. Ýagdaý şeýle bolansoň, bir oýnam adam bilen gämä hüjüm etmek barada gürrüň edip oturasy iş ýokdy.
Men Gämibaşynyň aýdan sözleri barada birsellem oýlanyp durdum we onuň bu ýerlikli pikiri bilen ylalaşdym. Şonuň üçinem, gämidäkiler hüjüme geçip, ýogumyza ýanmankalar, olary aldawa salyp, duzaga düşürmegiň bir alajyny tapmalydy, onda-da tiz tapmalydy. Onsoň, gämidäki deňizçileriň basym öz ýoldaşlaryna we barkasa näme bolandygy bilen gyzyklanyp başlajakdyklary kelläme geldi. Olaryň başga bir gaýyk bilen ada tarap ýüzüp gaýtjakdygy indi köre-hasady. Ýaraglanyp geläýseler-ä, ber onsoň habaryňy. Gämibaşy hem meniň bu pikirlerimi makullady.
Şol wagt, men gozgalaňçylaryzyna alyp gitmez ýaly, öňi bilen, kenardaky barkasyň azaryndan dynmalydygymyzy aýtdym. Biz onuň ähli akyr-ukurlaryny aýryp, ýüzüp

bolmaz ýaly edip goýmagy müwessa bildik. Soňra biz maslahaty jemläp, barkasyň ýanyna gitdik-de, onuň içinde goýlan ýaraglary, başga-da elimize ilen zatlary oljaladyk. Oljalaryň arasynda bir çüýşe brendi, ýene bir bir çüýşe rom, az-owlak kakadylan külçe, bir şah däri, ýelken bölegine dolanylgy ullakan bir tokga gant bardy. Gandyň agramy bäş-alty funt çemesi bolmalydy.Bularyň barysy maňa kemje-kerdem sowgat bolmady, ylaýta hem, brendi bilen gant tüýs hoşuma geldi, sebäp diýseň, ganda zar bolup ýörenime indi ençeme ýyl bolupdy.
Bu goş-golamlaryň ählijesini kenara çekenimizden soňra (kürekler, bogaldak we ýelken, öň aýdyşym ýaly, eýýäm aýrylgydy), barkasyň düýbüni hoňkaryp deşip goýduk. Sebäbi, bardygeldi biz duşmandan asgyn gelip, yza çekiläýenimizde-de, olar bu barkasy äkidip biljek däldiler. Dogrymy aýtsam, gämini basyp almaga güýjümiz ýeter öýdüp güman hem etmeýärdim. Ýöne, eger olar bu ullakan barkasy taşlap gidäýseler, biz ony ýaňadan öňki durkuna getirip biljekdik. Onsoň, meniň hyýalym Ýele tarapdaky Antil adalaryna bakan ýüzüşe çykyp, ýüzugrumyza ispan dostlarymyzy hem alyp geçmekdi.Olar hemişe meniň ýadymdady.

## XVIII BAP

Şeýlelikde, biz bar güýjümiz bilen işe girişdik we öňi bilen, barkasy süýräp, daşgyn gelen wagty akyp gidibermezligi üçin, kenaryň suw ýetmejek beýigräk bir ýerine eltdik. Soňra, gaýygyň düýbüni bäri-bärde ýamap bolmaz ýaly giň edip deşdik-de, «indi näme ederkäk» diýen terzde oýurganyp, çägesöw kenarda dyz epdik. Edil şol pursatda, biz gämiden gümmürdäp top atylandygyny eşitdik we gämidäkileriň signal hökmünde baýdak galgadyp, barkasy dolanyp gelmäge çagyrýandygyny saýgardyk. Barkas geler ýerde gelmänsoň, gozgalaňçylar ýene birnäçe sapar top atyp, baýdak galgatdylar.
Ahyrsoňy, top atyşlaryndan we signallardan netije çykmansoň, olar barkasyň ýerinden gozganmaýandygyna göz ýetirdiler. Men dürbim bilen synlap durşuma, gozgalaňçylaryň gämidäki gaýygy suwa düşürip, bäriligine ýüzüp gaýdandyklaryny gördüm. Gaýyk kenara ýakynlaşyp ugran pillesi, onuň içinde, bolmady diýeniňde, on sany tüpeňli deňizçiniň oturandygy bize äşgär boldy.
Gämi kenardan iki liga çemesi uzakda labyr taşlapdy, şonuň üçinem, gaýykly ýüzüp gelýänleri arkaýyn synlap durduk, hatda olaryň ýüz keşplerini hem aýyl-saýyl edip bilýärdik. Daşgynyň akymy gaýygy barkasyň duran ýerinden az-kem gündogar tarapa sowaşak düşürendigi sebäpli, gozgalaňçylar öz şepeleriniň gelip düşen, indem barkasyň duran ýerine düşmek üçin, kenaryň ýakasyny syryp, kürekleýärdiler.
Şeýlelikde, ýaňky aýdyşym ýaly, biz gozgalaňçylary doly görüp durduk.Kapitan gaýykda oturanlaryň barysynyň kimdigine, hüý-häsiýetleriniň nähilidigine bäş barmagy belet ekeni. Ol üç sany gozgalaňçynyň örän akýürekli deňizçidigini aýdyp, olary beýleki topalaňçylaryň gorkuzyp, haýbat atyp dildüwşüge gatnaşmaga mejbur eden bolmagynyň juda ähtimaldygyna kepil geçdi. Ýöne welin, gaýykda hojaýynsyrap oturan bosman hem-de şol üç deňizçiden galany ekipažyň tüýs bir ýakasyny tanadan tüpbozanlary bolup çykdy. Kapitan maňa olaryň indi öz baş goşan

etmişleri zerarly hiç bir garadan gaýtmajakdyklaryny hem duýdurdy. Kapitan bu gelýänler bilen oýnumyzyň deň gelmezliginden juda howatyr edýärdi.

Men oňa ýylgyryp garadym-da: «Biziň günümize düşen adam gorkardan geçendir-le. Indi nähili ýagdaýa düşenimizde-de, şu wagtkymyzdan elhal boljakdygy görnüp dur. Diri galsag-a, diri galanymyz bolar, bardygeldi öläýsegem, bu dünýäň azabyndan dynyp, halas boldugymyz boljak eken-dä» diýdim-de, onuň özüne sowal bilen ýüzlendim: «Kapitan, meniň şu ýaşap ýören günüme bir serediň. Näme, halas bolmaga töwekgelçilik edenime degmez öýdýärsiňizmi?». Men onuň jogabyna-da garaşman: «Ýogsa-da, jenap, meniň şu adada sizi halas etmek üçin saklanyp galandygyma ynanýandygyňyzy aýdyp, häli tolgunyp oturan ýalydyňyz-la!? Dogrumy aýtsam, häzir meni diňe ýekeje zat ynjalykdan düşürýär» — diýip, teýene etdim. Kapitan meni biynjalyk edýän zadyň nämedigini soranda, men oňa: «Bularyň arasyndaky siziň aýdan üç sany akýürekli deňizçiňizi halas etmeli bolarys. Eger gaýykdakylaryň barysy deýýus haramzada bolan bolsady, onda Allatagalanyň özi olary biziň elimize düşürmek üçin ýörite iberendir öýtsemem öýderdim. Sebäbi, ýasy ýanyňyz ýerde bolsun, şu kenara aýak basan islendik adamyň jany biziň elimizde bolar. Isle-hä öldüreris, isle-de bir çemçe ganyny geçeris» — diýip, sözümi soňladym. Meniň sesimi gataldyp, keýpihon gürleýänimi gören kapitan derrew dogumlandy we biz hyjuw bilen işe girişdik.

Biz gämiden gaýygyň gaýdanyny gören wagtymyz, elimizdäki ýesirleri başga ýere geçirmegiň aladasyny edip, olary ykjam bir ýerde gizlemeli bolduk. Men kapitanyň has müňkürlik bilen garaýan iki sany ýesirini Annabilen kapitanyň kömekçisiniň öňüne salyp, gizlin gowagyma iberipdim. Ol ýer juda çolajady, tussaglaryň ne-hä sesini eşiden boljakdy, ne-de üstlerinden baran. Olar gowakdan çykyp, gaçmagy başarýasalar hem, tokaýyň içinde ýol-ýoda tapjak gümanalary boljak däldi. Anna bilen kapitanyň kömekçisi olary gowaga eltip daňypdyrlar, ýöne ýanlaryna azyk-suwluk goýupdyrlar. Ümsüm otursalar, ýene birki günden erkinlige goýbermegi söz beripdirler. Äwüp-säwüp, gaçmakçy bolaýsalar welin, görene-göz edip öldürjekdiklerini aýdypdyrlar. Ýesirler bu tussagçylygy jyňklaryny çykarman, sabyr-takat bilen geçirmäge äht edipdirler, özlerine aç-hor bolup, tüm-garaňkyda oturmaz ýaly alada edendikleri üçin minnetdarlyk bildiripdirler, sebäbi Anna olara öz elde ýasan şemlerimizden beren ekeni. Olar, elbetde, Annagowagyň agzynda garawulçylyk çekýändir öýdýärdiler.

Biz beýleki tussaglara gowy daraşdyk. Dogrusy, kapitanyň ynamyna girip bilmedik iki sany tussagy daňyp goýmaly bolduk. Ýöne kapitanyň maslahat bermegi bilen, beýleki iki sany ýesiri bize soňky demlerine çenli wepaly bolmaga dabaraly ant içirdip, öz hyzmatyma kabul etdim. Şeýlelikde, olar bilen bilelikde, biz gowy ýaraglanan ýedi sany adam bolduk. Men aralarynda kapitanyň akýürekli diýen üç-dört sany deňizçisiniň bardygyny göz öňünde tutup, ýetip gelýän on adamyň hötdesinden geljegimize pugta ynanýardym.

Şol aralykda, gozgalaňçylar barkasyň ýatan ýeriniň deňinde gaýygy kenara ýanaşdyrdylar we hemmesi gaýykdan düşüp, ony süýräp çägesöw ýere çykardylar.

Men muňa begendim, sebäbi kenardan aňyrrakda labyr taşlap, gaýygyň içine-de iküç sany sakçy goýsalar, onda ony ele salmak kyn düşer öýdüp ýaýdanypdym.

Kenara çykansoňlar gozgalaňçylaryň birinji işi barkasa tarap eňmek boldy. Barkasyň ähli abzal-gurallary sypyrylyp, düýbüniň hoňkaryp ýatandygyna gözi düşen gozgalaňçylaryň nähili haýran galyp, aljyraňňylyga düşendigini göz öňüne getirmek aňsatdy.

Olar birsellem diňşirgenip durdular-da, dostlaryna eşitdirmek üçin iki-üç gezek heheheýläp gygyrdylar. Ýöne olara jogap beren bolmady. Soňra gozgalaňçylar döwre ýasap, bir ýere jemlenişdiler-de, barysy birlikde sapançalaryny ýokaryk atdylar. Tokaýyň içinde ýaňlanyp giden güňleç tarkyldyny hem, barybir, bizden başga eşiden adam bolmady. Gowakda oturan tussaglaryňol sesi eşitjek gümanasy ýokdy, ýanymyzdaky iki ýesir bolsa, dostlaryna jogap berip gygyrmaga milt edip bilmedi.

Gosgalaňçylar bu oslagsyz ýagdaýa şeýle bir haýran galypdylar welin, soňra özleri aýtmyşlaýyn, olar gämä dolanyp, öz ähli ülpetleriniň öldürilip, barkasyň döwlendigini habar bermegi ýüreklerine düwüpdirler. Hakykatdan hem, olar ala-basga düşüp, gaýygy suwa goýberdiler-de, derrew oňa münmek bilen boldular.

Kapitan muny görüp, edil serpmeden gaýdana döndi.Indi gozgalaňçylaryň gämä baryp, öz dostlarynyň gürüm-jürüm bolandygyny aýdyp, ýelken açyp, gämini alyp gidibermekligi juda ähtimaldy. Onsoň, kapitan gözüni dikip oturan gämisini halas etmek umydyny tala daňaýmaly boljakdy. Ýöne, basym oňa gorkmaga başgarak zat tapyldy.

Olaryň kenardan gidenine onçakly wagt geçmänkä, biz gaýygyň yzyna dolanyp gelýändigini gördük. Çaky, olar şol iki aralykda üýşüp bir maslahat tapan bolmalydy. Kenara gelip düşensoňlar, üç sany deňizçi gaýykda galdy, beýleki ýedisi bolsa, öz ýoldaşlaryny agtarmak üçin adanyň içine bakan ýöredi.

Muňa biziň diýseň lapymyz keç boldy, sebäbi, biz indi näme etjegimizi bilmeýärdik. Eger ikibaşdan gaýyk gaçyp gitjek bolsa, onda biziň bu ýedi sany deňizçi bilen darkaş gurup, ýeňiş gazananymyzyň peýdasy boljak däldi. Gaýykdaky sakçylar bir gaçyp sypaýdygy, gämidäki ekipažyň labyr göterip, ýazzyny berjekdiginiň ujy iki däldi. Onsoň, gämini ele geçirenimiz-de şol boljakdy, iş bitirenimiz-de.

Her niçik-de bolsa, biziň näme-nämeler boljagyna garaşyp oturmakdan başga çykalgamyz galmandy. Ýedi sany deňizçi düşüp gaýdansoň, sakçylar gaýygy kenardan ep-esli aradaşlyga kürekläp eltiler-de, şol ýerde labyr oklap, garaşmaga başladylar. Şeýlelikde, gaýyga baryp ýetmek mümkinçiligimiz hem elden gitdi.

Tokaýa siňen ýedi gozgalaňçy aralaryny kän bir üzmän, howlymyň üstüne abanyp duran baýryň depesine tarap ýöräp gaýtdylar. Olar bizi görmese-de, biz olary elimiziň aýasyndaky ýaly synlap otyrdyk. Olar bize has golaýlaşsalar, biziň üçin birden ot açmaga örän çemeli boljakdy. Aňyrlygyna ýöreseler ondanam gowy boljakdy, sebäbi biz bukulyp ýatan ýerimizden çykyp biljekdik.

Olar ahyrsoňy baýryň gerşine baryp ýetdiler, ol ýerden seredeniňde adanyň iň çöket ýeri bolan demirgazyk-gündogara tarap ýaýylyp ýatan jülgelerdir tokaýlar edil eliň aýasyndaky görnüp durdy. Gözlegçiler şol ýerde durup, tä ýadaýançalar gygyryp, heheheýläp, gopgun baryny turuzdylar. Olar ne-hä kenardan daşlaşmaga, ne-de biri-

birlerinden aýrylmaga ýürek edip bilmän, ahyrsoňy seleňläp oturan ullakan bir agajyň kölegesinde oturyp, maslahatlaşyp ugradylar. Barkasyň ekipažy ýaly, bularam ýatyp ukyny urmaly diýen netijä gelseler, uly iş bitirjekdiler, ýöne nähili howpdan howatyrlanýandyklaryny anyk aýdyp bilmeseler-de, gorkudan ýaňa ýatyp uklamaga töwekgelçilik edip bilmeýärdiler.

Gözlegçilermaslahat edip otyrka, kapitan örän göwnejaý bir teklip öňe sürdi. Ýagny, gözlegçileriň öz ýoldaşlaryna eşitdirmek üçin ýene bir sapar asmana ok atmagy mümkindi. Ana, şonda, olaryň hemmesiniň tüpeňi birden göçen pillesi, biz bärden okgunly hüjüme geçsek, tüpeňleri boşan gozgalaňçylaryň aljyrap, boýun egjegi anykdy. Şeýlelikde, hiçhili gandöküşiklige ýol bermezden, bu işiň hötdesinden gelip biljekdik.

Ol teklip meniň göwnüme ýarady, ýöne olar tüpeňlerini ikinji gezek oklap ýetişmänkä, üstlerini basmak üçin, biz örän golaý-goltumda gizlenip oturmalydyk. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, duşmanam tüpeň atarly görünmeýärdi, bizem näme edip, näme goýjagymyzy kesgitläp bilmän, hyrçymyzy dişläp, uzak wagtgaraşdyk. Teýahyr, men gün ýaşyp, garaňky gatlyşýança hiç zat etmesek gowy bolar öýdýändigimi aýtdym. Gije düşensoň, elbetde, oňa çenli gözlegçi topar gaýyga dolanyp gitmese, onda bir alajyny tapyp, gözlegçiler bilen gaýykdakylaryň arasyna bildirmän girmelidi-de, gaýykda oturanlary aldawa salyp, gaýygy kenara getirmelidi.

Biz olaryň bir ýaňa gozganaryna garaşyp oturyşymyza, halys sabyrymyz suw boldy. Gozgalaňçylar öz aralarynda uzak çekeleşip, ahyrsoňunda, ýerlerinden turup, deňze bakan ýola düşdüler. Bu biziň bar keýpimize sogan doglady. Olar bu ýerdäki howp-hatar barada biçak elhenç zatlar pikir eden bolmalydy. Megerem, indi olar gämä dolanyp, öz ýoldaşlarynyň dereksiz ýitendigini habar berip, gämini bu jelegaýlardan alyp gitmegiň hyýalyna münen bolmalydy.

Gözlegçi toparyň kenara tarap ýöräp ugranyny gören dessime, men olaryň hakykatdan hem gözlegi bes edip, indi yza barýandyklaryna magat düşündim. Bu pikirimi aýdanymda, kapitan demligi daralan döndi, ýöne şol mahal meniň kelläme olary yzyna gaýtaryp biljek bir sapalak geldi. Dogrusy, şol sapalak meniň gökdäki dilegimi ýerde gowuşdyrdy.

Men Anna hem-de kapitanyň kömekçisine buhtajykdan aňryk günbatarlygyna — Annany halas eden gezegim ýabanylaryň gelip düşlän oýtagyna gidip, şonuň ýarym mil çemesi beýle ýanyndakydepä çykyp, bogazlaryna sygdygyndan heheheýläp gygyrmaklaryny tabşyrdym. Meniň planyma görä, ol ikisi deňizçiler öz seslerini eşidip, jogap berip gygyryp başlansoňlar, göze ilmän, deňizçileriň gykylyklaryna jogap berip, ýuwaş-ýuwaşdan adanyň jümmüşine bakan ökje ogurlap, olary tokaýyň gum-guk ýerine eltmelidi. Soňra, olar meniň salgy beren öwrümli ýollarymdan ýöräp, biziň ýanymyza dolanyp gelmelidi.

Deňizçiler ýaňy bir gaýyga münjek bolup durkalar, Anna bilen kapitanyň kömekçisiniň gygyrýan sesleri eşidildi. Olar şol wagtyň özünde jogap berip gygyrdylar-da, deňziň ýakasyny syryp, günbatarlygyna — sesiň gelýän tarapyna ylgadylar. Emma olar buhtajyga ýetip sakga durmaly boldular, sebäbi daşgyn başlandygy üçin buhtajygyň suwy örän beýgelipdi. Deňizçiler birsellem saklandylar-

da, edil meniň garaşyşym ýaly, suwdan ýüzüp geçmek üçin gaýygy çagyryp gygyrdylar.

Soňra olar buhtajykdan ýüzüp geçdiler-de, gaýygy kenarda ösüp oturan pessejik agajyň töňňesine daňyp goýdular. Onsoň gaýykda oturanlaryňam birini ýanlaryna goşup, tokaýyň içi bilen aňyrlygyna ýöräp gitdiler. Gaýyk bolsa, edil aýlaga giren ýaly, buhtajygyň ep-esli jümmüşinde durdy we indi ony diňe iki sany sakçy goraýardy.

Bu tüýs «Hudaý berse guluna» diýleni bolupdy. Men Anna bilen kapitanyň kömekçisini öz işleri bilen goýdum-da, dessine beýlekileri yzyma tirkäp, herekete geçdim.Biz gözlegçileriň gözüne ilmän, assyrynlyk bilen buhtajykdan geçdik we aman-zamanyny bermän, sakçylaryň üstüni basdyk. Olaryň biri kenarýakada ymyzganyp ýatan bolsa, beýlekisi gaýykda irkilip oturan ekeni. Kenarda ýatan deňizçi oýaly-ukuly, äm-säm bolup, ýaňy bir ýerinden turmakçy boldy welin, iliň öňi bilen eňdirilip barýan kapitan özüni üstüne özüni oklady-da, ony şatydadyp ýere basdy. Soňra, ol gaýykda oturan deňizçä: «Boýun eg, bolmasa häzir tepbediň okalýa» — diýip, abyr-zabyr etdi.

Ýoldaşy ýer bagyrtlap, üstüne-de bäş sany pyýadanyň sürnüp gelýändigini gören deňizçini boýun egmäge razy etmek onçakly kyn bolmady. Üstesine-de, ol gozgalaňa nalaç goşulan üç sany deňizçiniň biri bolup çykdy.Şonuň üçinem, ol boýun egmäge ikelläp razylaşdy we tüýs ýüregi bilen bize hatarymyza goşulmagy haýyş etdi.

Şol iki aralykda, kapitanyň kömekçisi bilen Anna tokaýa siňen deňizçileriň tüýs enter-pelegini öwrüp, aňkasyny aşyran ekeni. Ol ikisi ýerli-ýerden eheheýleşip, o baýyrdan bu baýyra, o tokaýdan bu tokaýa siňip baryşlaryna, sese kowalaşyp gelýän gözlegçileri halys surnukdyran ekenler. Soňra Anna ikisi olary tä gün ýaşyp, iňrik garalýança gaýygyň ýanyna dolanyp bilmejek ýerlerine eltip, şo taýda gygyrmaklaryny bes edip yza dolanypdyrlar. Olaryň özem juda ýadan bolarlydy, biziň ýanymyza zordan süýeklerini süýreşip geldiler.

Indi, bize diňe garaňka duwlanyp, tä gözlegçiler dolanypgelýänçä garaşyp ýatybermek galypdy, olar geldigi alymyny-salymyny bermän, duýdansyz çozuşa geçmelidik.

Anna dagy gaýdyp geleni bäri telim sagat geçipdi, ýöne daş-töwerek gum-guklukdy. Ahyrsoňy garakçylaryň hüňür-süňürleri eşidilip ugrady. Öňden gelýäniň biri yzdakylara «tijeniň» diýip hoňňuldaýardy, olar bolsa, «halys aýagymyz gurap, sütünimiz süýndi-le» diýip zeýrenişýärdiler. Biz muny eşidip, göwnühoşluk bilen ümleşdik.

Az salymdan deňizçiler gaýygyň ýanyna gelip ýetdiler. Gaýtgyn başlap, gaýygyň çägä süsdirilip galandygyny, iki sakçynyň bolsa, nirädir bir ýere gürüm-jürüm bolandygyny gören deňizçileriň nähili howsala düşendigini aýdyp-diýip düşündirmek mümkin däldi.Biz olaryň gözlerini elek-çelek edip, «arwah-jynly ada düşüpdiris» diýşip, biri-birlerine örän erbet-erbet gargynyşyp, uly gowur turuzandygyny eşidip durduk. Olar «bu adanyň eýeleri kellekeser bolsa, onda barymyzy paýhynlap taşlarlar. Ondanam beteri, eger bu taýyny arwah-jynlar basan bolsa, onda tokaýa süýräp, ýülügimizi sorarlar» diýip, ikiýana zowzuldaýardylar. Gaýyga sakçy goýan

ýoldaşlarynyň atlaryny tutup, köp gygyrdylar, ýöne elbetde, olara jogap gaýtaran bolmady. Biz agşamyň alagaraňkysynda deňizçileriň umytsyzlykdan ýaňa ellerini owkalaşdyryp, bir eýläk, bir beýläk alakjaýşyny synlap, ümsüm garaşyp otyrdyk. Olar käte demden düşüşip, gaýyga girip, birsellem oturýardylar, soňra, ýene buhtajygyň kenaryna baryp, köw-söw edýärdiler. Garaz, şol bir hereketler gaýtalanyp durdy.

Meniň adamlarym garaňkydan peýdalanyp, haýal etmän hüjüme geçmäge rugsat bermegim üçin özelenýärdiler. Emma men, garakçylary başardygymdan diri ele salmak maksady bilen, olar mazaly surnugyp, başlary çaşýança garaşmagy müwessa gördüm. Üstesine-de, olaryň ok-ýaraglary birkemsiz üpjün bolansoň, öz adamlarymyň janyny howp astyna salasym gelmeýärdi. Men ikä bölünmezmikä diýen tama bilen garaşmagy ýüregime düwdüm. Şeýlelikde, ahmal bolmazlyk üçin, güpbassy halkasyny gaýyga ýakynlaşdyrmak üçin, Anna bilen kapitana ýer bagyrtlap, garakçylara bildirmän mümkin boldugyça öňe süýşmeklerini hem-de ot açmaga ebeteýli jaýlaşmaklaryny buýruk berdim.

Olar täze postlaryna baranlaryndan soň, kän wagt geçmänkä, bosman bilen iki sany deňizçi olaryň bukulyp ýatan ýerine tarap ýöräp gaýtdy. Gozgalaňyň başyny başlan bosman indi ilden beter ruhdan düşüp, elini-aýagyny ýitiripdi. Kapitan bar belanyň körügi bolan bosmany ele salmak maksady bilen, ol gelýän şolmuka-dälmikä diýip, biljek bolup, keýerjekläp ugrady. Sebäbi şu wagta çenli onuň diňe lagyrdysy eşidilýärdi. Ol üçüsi el aýtymyna gelen çaky, Anna bilen kapitan böküp turdy-da, olaryň üstüne ot açdy.

Bosman duran ýerinde jan berdi, deňizçileriň biri agyr ýaralanyp, onuň gapdalyna gürpüldäp gaýtdy (ol şondan soň birki sagatlap çalajan ýatdy). Beýleki deňizçi bolsa, yza bakan zut ökjäni göterdi.

Men tüpeň sesini eşiden dessime, bar goşunymy herekete geçirdim. Biz jemi sekiz sany adamdan ybaratdyk: ýagny, men — generalissimus, Anna — general-leýtenant, kapitan, onuň kömekçisi, ýolagçy hem-debiziň ýarag ynanan üç sany ýesirimiz.

Biz hüjüm eden wagtymyz iňrik mazaly garalypdy, şonuň üçinem, duşman biziň näçe adamdygymyzy saýgaryp bilmeýärdi. Men gaýygyň biziň tarapymyza geçen sakçysyna deňizçileriň ýekeme-ýeke adyny tutup gygyrtdym. Men gepleşik geçirmäge synanyşýardym, sebäbi olaryň ylalaşyga geläýmegi ähtimaldy. Biziň çakymyz dogry bolup çykdy, topalaňçylaryň nähili çykgynsyz ýagdaýa düşendigini hasap etseň, onda olaryň örän göwünjeňlik bilen boýun egjekdigi onsuzam görnüp durdy. Şeýle bolansoň, meniň deňizçim olaryň biriniň adyny tutup çasly gygyrdy: «Tom Smit! Eý, Tom Smit!». Tom Smit gygyrýanyň sesini tanan bolarly, ol şolbada jogap berdi: «Robinzon, bu senmiň?». Robinzonam bärden: «Hawa, bu men; Hudaýyň haky üçin, Tom Smit, ýaragyňy taşla-da, boýun eg, ýogsam, häzir baryňyzyň böwrüňizi garaldýalar» — diýip seslendi.

«Biz kime boýun egmeli? Hany olar nirede?» — Tom Smit täzeden gygyrdy. — «Olar bärde», Robinzon jogap berdi: «Ynha, biziň kapitanymyz, ýanynda-da elli sany adam bar. Olar iki sagatdan bäri siziň yzyňyza düşüp gelýärler. Bosman amanadyny

tabşyrdy, Will Fraý ýaralandy, menem ýesir düşdüm; eger boýun egmeseňiz, siziňem häzir tepbediňiz okalýa».
Tom Smit: «Eger boýun egsek olar bize aman berermikä?» — diýip sorady. «Boýun egjegiňiz çyn bolsa, men häzir sorap göreýin» — diýip, Robinzonam bärden gygyrdy. Ol kapitandan sorady, onsoň kapitanyň özi gozgalaňçylara abaý-syýasat bilen hemle urdy: «Eý, Smit, meniň sesimi-hä tanansyň-la; häziriň özünde baryňyz tüpeňleriňizi taşlaň-da, boýun synyň. Will Atkinsden galanyňyzyň günäsini geçýän».
Onsoň garaňkylykdan Will Atkinsiň naýynjar sesi eşidildi: «Allanyň haky üçin, kapitan, maňa rehim et; meniň ýazygym näme? Bularyň menden näme parhy bar?». Aslynda onuň aýdaýny ýalandy, sebäbi gämide gozgalaň başlan pillesi Will Atkins ilkinji bolup kapitanyň üstüne topulypdyr, onuň ellerini şatyrdadyp daňypdyr we oňa kemsidiji sözler bilen sögüpdir. Şeýle-de bolsa, kapitan oňa: «Gepiňi tüket-de, ýaragyňy ýere taşla. Seniň ykbalyňy adanyň gubernatory çözer» diýip gygyrdy. Onuň «gubernator» diýýäni mendim, beýlekilerem maňa şeýle ýüzlenýärdiler.
Gepiň keltesi, deňizçiler ýaraglaryny ýere okladylar-da, bizden aman dilediler. Şeýlelik bilen, men gepleşik geçiren Robinzon bilen ýene iki sany adamy iberdim-de, olaryň ählisini daňdyrdym. Onsoň, meniň elli adamlyk (aslynda şol üçüsi bilen jemi sekiz adamlyk) uly otrýadym duşmanyň pozisiýasyny eýeläp, gaýygy ele geçirdi. Diňe men bilen hyzmatkärim döwlet bähbidi sebäpli ýesirlere görünmän saklandyk.
Biziň şondan soňky işimiz gaýygy abatlamak hem-de gämini nähili ele geçirmelidigi barada pikirlenmek boldy. Indi ýesirler bilen arkaýyn gepleşmäge maý tapan kapitan bolsa, olara igenýärdi, baş goşan işleriniň nähili erbet jenaýatdygyny, etsem-petsemleriniň bolgusyzdygyny düşündirýärdi. Şolugyna giden bolsalar, onda hökman günlerine it aglap, megerem, gözgyny halda dar agajynda hallan atmaklarynyň köre-hasadygyny tekrarlaýardy.
Topalaňçylar tüýs ýürekden toba edişip, «ganymyzy geçiň» diýip ýalbarmaga başladylar. Muny gören kapitan täzeden söze başlady: «Sizi men däl-de, adanyň gubernatoryýesir aldy. Siz meni adam aýagy sekmedik, janly-jemende ýaşamaýan çolaja kenara zyňandyryn öýdüpdiňiz; Biribaryň özi maňa garaşyk edip, sizi adam ýaşaýan, onda-da iňlis gubernatoryň dolandyrýan adasyna gönükdiripdir. Hakyna garasaň, siziň hemmäňizi syrtmakdan sallamaly, ýöne adanyň gubernatory size aman berdi. Şonuň üçinem, ol baryňyzy Angliýa ugratsa gerek. Goý şol ýerde, siziň etmişiňize adalat esasynda temmi bersinler. Ýöne, Will Atkins bu ýerde galmaly bolar, gubernatoryň buýrugy bilen, ol ertir daň saz berende dar agajyndan asylar».
Bu zatlaryň barysyny kapitanyň özü toslap tapan-da bolsa, ol öz netijesini berdi. Atkins dyzyna çökdi-de, kapitandan arada durup, özüni gubernatora bagyşlatmagyny sorap ýalbarmaga başlady. Beýlekilerem, Hudaýyň haky üçin, özleriniň Angliýa iberilmezligini sorap, ýerli-ýerden özelendiler.
Birdenkä halas boljak pursadymyzyň gelip ýetendigi güpbe kelläme geldi, dogrudanam, bu deňizçileri gämini basyp almaga yrmak üçin ummasyz zat gerek däldi ahyryn. Onsoň, men tokaýyň has garaňky künjegine gaýtdym-da (men olaryň gubernatoryň nätüýsli adamdygyny görmeklerini islemeýärdim), sesime bat berip, kapitany öz ýanyma çagyrdym. Meniň hol beýleden gygyrýanymy eşiden deňizçileriň

biri kapitanyň ýanyna bardy-da: «Kapitan, gubernator size çagyrýar» — diýdi. Kapitan bolsa, mähetdel etmän gerekli jogaby suňşurdy: «Alyhezrete aýt, men häziriň özünde barýan». Ýesirler muňa biçak haýran galdylar we gubernatoryň elli sany esgeri bilen guk ýanlarynda durandygyna güp ynandylar.
Kapitan ýanyma gelen mahaly, men oňa gämini basyp almak baradaky hyýalymy aýtdym. Kapitan muňa begenip, iki bolup bilmedi we ertir ir bilen işe girişmegiň pikirine mündi. Emma, men bu plany mazaly bişirmek hem-de ussatlarça amala aşyrmak maksady bilen, kapitana tussaglary ikä bölmegi maslahat berdim. Atkins bilen onuň iň näkes iki sany ülpediniň ellerini daňyp, beýlekileriň ýatan gowagyna ugratsak biçeme boljak däldi. Biz bu işi Anna hem-de kapitanyň ýany bilen kenara çykan kömekçisi bilen ýolagça tabşyrdyk.
Anna dagy ol üçüsini idenekledip, edil zyndana salan ýaly edip gowaga dykypdyrlar. Dogrudanam, ol gowak juda darykdyryjy ýerdi, ylaýta-da olaryň ýagdaýyndaky adamlar üçin. Beýleki ýesirleri bolsa, meniň size eýýäm ilik-düwme gürrüň beren telärli mülk ýerime ugratdym. Daşyna aýmança aýlanan howly elleri daňylgy ýesirleri saklamak üçin ýeterlik derejede ygtybarlydy. Men, elbetde, bu ýesirleriň akylynyň gözünde boljakdygyny hem göz öňünde tutupdym.
Ertesi daň atyp, jahan ýagtylansoň, men kapitany ýesirleriň ýanyna gepleşik geçirmäge iberdim. Kapitan olaryň ýüpüniň üstünde odun goýarlygy barmy-ýokmy, olara bil baglap, gämä hüjüm etse boljakmy-bolmajakmy, şony anyklamalydy. Ol ýesirlere özüni nähili kemsidendiklerini, şonuň üçinem olaryň eýgilik tamasyny etmeli däldigini gürrüň beripdir. Gubernator häzirlikçe olaryň janyny bagyşlan hem bolsa, barybir gämi Angliýa baran badyna, aýaklaryna gandal urlup, dar agajyndan asyljakdyklaryny düşündiripdir. Kapitan sözüniň ahyrynda: «Eger biziň hatarymyza goşulyp, gämini ele salmaga kömek etseňiz, onda gubernator siziň günäňiziň geçilmegi üçin häkimiýetlere towakga eder» — diýip, tussaglara yş görkezipdir.
Janyndan el üzüp oturan zaluwatlaryň bu teklibi nähili höwes bilen kabul edendiklerini çak etmek kyn däldi. Olar kapitanyň öňünde dyza çöküp, ýerli-ýerden ganlarynyň iň soňky damjasyna çenli oňa wepaly bolmaga jan-dilden ähdi-peýman edipdirler. Öz janlary üçin oňa ömürbaky bergidar boljakdyklaryny we onuň bilen dünýäniň ol ujuna-da bolsa, gitmäge taýýardyklaryny, ony öz kakalary hökmünde görjekdikleriniaýdypdyrlar. «Ýeri, bolýa-da,» — diýip, kapitan gep oýnadypdyr: «Bu gürrüňleriňizi gubernatora bir aýdyp göreýin bakaly. Men ony razy etmek üçin, elimden geleni gaýgyrmaryn». Soňra, ol meniň ýanyma gelip, tussaglaryň boluşlaryny birin-birin gürrüň berdi we olaryň wepaly boljakdygyna jany-teni bilen ynanýandygyny aýtdy.
Her niçik-de bolsa, men göwnejaý bolar ýaly, kapitana deňizçileriň ýanyna dolanyp barmagy teklip etdim. Kapitan bäş sany deňizçini saýlap alyp, olara özleriniň adama mätäç däldigini, şonuň üçinem ol bäşisini özüne kömekçi edip alýandygyny aýtmalydy. Ol beýleki iki deňizçini hem-de gowakda oturan üç sany tussagy bolsa, gubernatoryň zamun hökmünde saklamagy ýüregine düwendigini, bardygeldi, bu bäş deňizçi lebzinden dänäýse, onda ýaňky zamunlary kenarda göz edip, asmakçy bolýandygyny hem mälim etmelidi.

Bu ýowuz çözgüt olary gubernatoryň gara-çynydygyna ynandyrypdyr. Ýogsa-da, olaryň kabul etmän gitjek ýeri nire diýsene! Şondan soň, saýlanan bäş sany deňizçiniň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin kapitan hem-de bäş sany zamun, baý, elewrediler-ä!

Şeýlelikde, indi biziň sanymyz ýörişe çykmaga ýeterlik bolupdy: 1) kapitan, onuň kömekçisi we ýolagçy; 2) birinji tapgyrda ele düşen iki sany ýesir; kapitan kepil geçensoň, men olary azat edip, ellerine ok-ýarag beripdim; 3) telärli howlymda daňdyryp goýan iki sany ýesirim; olary hem kapitanyň ara durmagy bilen boşadypdym; 4) iň soňky boşadylan bäş sany ýesir. Şonluk bilen, olaryň jemi sany on iki bolupdy, gowakda-da bäş sanysy zamunlukda otyrdy.

Men kapitana: «Siz şunça deňizçi bilen gämini zabt edip almaga töwekgelçilik edip bilersiňizmi?» — diýip ýüzlendim. Özüm bilen hyzmatkärim Anna barada aýtsam, biziň adadan aýak üzmegimiz ýerlikli boljak däldi, sebäbi biziň elimizde ýedi sany adam bardy. Olaryň hersini bir ýerräkde saklamalydy, azyk-suwlugyny berip durmalydy.

Men gowakdaky bäş sany ýesiri berk gözegçilikde saklamagy ýüregime düwdüm. Anna günde iki gezek baryp, olaryň azyk-owkadyny eltip berdi. Beýleki iki tussag bolsa, azyk önümlerini belli bir aralyga getirýärdi we Anna olary alýardy.

Men ol iki zamuna görnen mahalym kapitan olara: «Bu adama gubernator size seretmegi tabşyrdy. Ondan birugsat ýeke ýere ädim ädiji bolaýmaň.Eger aýdylan bilen bolmasaňyz, aýagyňyza gandal urup, gala taşlarys» — diýip, çynaberimsiz gürledi.Şeýlelikde, men gubernatorsyran bolmak derdinden gutulyp, başga bir adama öwrüldim oturyberdim. Onsoň, maý tapdygymdan gubernator, garnizon, gala we şoňa meňzeş zatlar barada gep owadanlamaga girişdim.

Şunlukda, ähli kynçylyklar birýaňalyk bolansoň, kapitan barkasyň düýbüni ýamadyp, beýleki gaýygy hem taýýarlatdy we olaryň hersine bir topar belledi. Ol öz ýany bilen gelen ýolagçyny dört adamlyk kiçi topara baştutan edip belledi-de, olara gaýygy berdi, özi bolsa, kömekçisi bilen bilelikde bäş adamlyk topar bilen barkasa mündi. Olar ýüzüşi örän ezberlik bilen amala aşyrypdyrlar we ýarygije uçurlary gäminiň alkymyna baryp ýetipdirler. Gäminiň ses ýeter aralygyna ýeten batlaryna, kapitanyň buýrugy boýunça, Robinzon gämidäkilere gygyryp, adada ýiten ýoldaşlaryny we barkasy alyp gelýändiklerini aýdypdyr. Ol «bulary tokaýdan gözläp tapýançak, gaty köp aýlanmaly bolduk» diýip, ýene birtopar gep-gürrüňleri toslaşdyryp, garaz, barkas gäminiň bortuna ýetýänçä, sakçylary güýmäpdir. Onsoň, kapitan bilen kömekçisi elleri ýaragly ilkinji bolup, paluba münüpdirler we kapitanyň ikinji kömekçisi bilen gämi ussasyny muşketiň gundagy bilen malçyldadyp, göz açyp-ýumasy salymda ýere ýazypdyrlar. Biziňkileriň gaýduwsyz durmagy bilen, kapitan esasy palubada we şkansyda gezip ýören gozgalaňçylar ele salypdyr. Soňra bolsa, trýumdakylar daşyna çykmaz ýaly, hasyr-husur palubanyň lýuklaryny pugta temmeledipdir. Oňa çenli beýleki gaýykdaky ikinji topar want-putens zynjyrlaryna dyrmaşyp, derrew gäminiň burun tarapyny basyp alypdyrlar we gäminiň aşhanasyna eltýän girelgäni eýeläp, üç sany deňizçini tussag edipdirler.

Hüjüm şowly gutaryp, paluba sag-aman ele salnansoň, kapitan öz kömekçisini ýanyna üç sany adam alyp, gozgalaňçylaryň bellän täze kapitanynyň ýatan kaýutasynyň gapysyny döwmegi buýruk beripdir. Täze kapitan howsalaly gykylyklary eşiden dessine, iki sany deňizçi bilen ýaş ýungasyny çagyryp, tüpeňdir sapançalaryny taýýarlap, goranyşa taýýarlanyp duran ekeni. Kapitanyň kömekçisi elindäki lom bilen gapyny döwen çaky, täze kapitan bilen onuň adamlary batyrlarça ot açypdyrlar. Kömekçiniň çignine muşketiň oky degip döwüpdir, iki sany deňizçi bolsa ýaralanypdyr, emma ölen adam bolmandyr.

Kapitanyň kömekçisi kömege çagyryp gygyrypdyr-da, ýaralanandygyna seretmezden, kaýutanyň içine kürsäp giripdir we sapançasy bilen täze kapitany kellesinden çüýläpdir. Gülle agzyndan girip, gulagynyň arka tarapyndan çykan kapitansumak jyňkyny çykaryp ýetişmän, gürpüldäp gaýdypdyr. Muny gören beýleki üçüsi ellerini galdyryp, boýun egipdiler we şeýlelik bilen, ondan artyk gan dökülmezden, gämi ele geçipdir.

Gäminiň doly eýelenmegine mähetdel, kapitan ýedi gezek top atmagy buýruk beripdir. Ol atyşlar meniň kapitan bilen bar zadyň şowly bolandygyny buşlamak barada şertleşen signalymyzdy. Men gije sagat iki çenli, kenarýakadan gözümi aýyrman, howlymda garaşyp oturypdym. Şonuň üçinem, top atyşlaryny eşiden mahalym meniň nähili şatlanandygym göz öňüňize gelýändir.

Men signaly aýyl-saýyl eşidenimden soňra, arkan süýndüm we örän hysyrdyly geçen günüň argynlygy bilen süýji uka gitdim. Aradan näçe wagt geçenini bilemok, ýöne daň atan pillesi men top okunyň gümmürdisine tisginip oýandym-da, ör turdum. Kimdir biri maňa: «Gubernator! Gubernator!» diýip gygyrdy. Men kapitanyň sesini şolbada tanadym. Ol howlyma abanyp duran baýryň üstünde durdy. Men onuň ýanyna dyrmaşyp baran wagtym, ol gämä bakan elini uzatdy-da, meni garsa gujaklap: «Gadyrdan dostum, halasgärim! Hanha gämi, ol indi siziňki. Bizem, gämidäki ähli goş-golamlaram siziňki» — diýip, içi-içine sygman gepledi. Men gämä tarap seretdim, ol, hakykatdan-da, kenardan ýarym mil töweregi aradaşlykda endigan yranjyrap durdy. Gämini doly eýelän batlaryna, kapitan labyry galdyrdypdyr-da, ugurdaş şemaldan peýdalanyp, gämini edil buhtajygyň okeana guýýan ýerine getirip goýupdyr. Daşgyn wagty bolansoň, kapitan öz ýörite gaýyjagyny meniň ilkinji gezek sal getiren ýerime çenli ýüzdürip gelipdir-de, edil howlymyň duşunda düşüpdir ekeni. Men begenjimden ýaňa tas özümi lampa ýere goýberipdim. Şunça görgülerden soňra, meni halas etjek gämi, ynha, gözümiň alnynda leňňer atyp durdy. Onda-da ullakan gämi — ol meni göwün islän ýerime äkitmäge taýýardy. Hemme zat gülala-güllük bolupdy. Men duýdansyz dörän şatlykdan ýaňa laky-tak bolup, kapitana ýeke agyz sözem aýdyp bilmedim. Hernä, onuň meni tutup saklany gowy bolupdy, ýogsam, duran ýerimden gürpüldäp ýere gaýdarly görünýärdim.

Biçak tolgunýandygyma gözi düşen kapitan jübüsinden bir çüýşejik çykardy-da, az-owlak jana şypaly içgi hödürledi. Ol ony ýörite maňa niýetläp äkelen ekeni. Men içgiden azajyk owurtladym-da, ýere çökdüm. Az-kem aýňalan-da bolsam, doly özüme gelip, dil ýarýançam aradan esli salym wagt geçdi.

Meniňki ýaly şatlygy başdan geçirmese-de, kapitan görgüliniň özi hem begenjinden ýaňa näme edip, näme goýýandygyny bilmeýärdi. Ol maňa müň dürli mähirli, mylaýym sözleri aýdyşdyrýardy, meni özüme getirmek üçin daşymda hozanak bolýardy. Meniň bolsa, şatlykly joşgunym hut kükregimi ýaryp gelýärdi, göwün guşum al-asmanda pelpelleýärdi. Ahyrsoňy, men pagyş-para bolup, gözümden begenç gözýaşlary paýyrdap gaýtdy. Birsellem şeýdip oturanymdan soň,men kelam agyz gürlemäge rowgat tapdym.

Soňra men ýerimden turup, öz halasgärim hökmünde kapitany gujakladym we bilelikde şatlandyk. Men oňa: «Gadyrdan, meni halas etmek üçin sizi Allatagalanyň özi iberipdir. Bu bolup geçen ahwalatlaryň barysy duranja bir gudrat. Şu zatlaryň özi Biribaryň tutuş älem-jahana höküm edýändiginiň hem-de dünýäniň iň bir çet künjegindäki mysapyr bendelerini hem görüp, islendik wagt olaryň dadyna ýetişýändiginiň äşgär alamaty ahyryn» — diýip, ýüregimi açdym.

Men päk ýürekden Allatagala şükür edip, alkyş okamagy hem ýatdan çykarmadym. Meni şeýle ajaýyp gudrat bilen, iňläp ýatan düňle çölden halas edip, ýeke-ýalňyz durmuşdan gutaran Perwerdigäre näçe şükür etsem-de az boljagy belldi. Bendesiniň göwnüni açýan ähli ýagşylyklar, elbetde, Ondan gelýärdi ahbetin.

Biz birsellem gürrüňleşip oturdyk. Şol wagt kapitan maňa delje ýürekselik bolar ýaly, gämide galan azyk-owkatlardan alyp gelendigini aýtdy. Gozgalaňçylar şunça wagt geçen-de bolsa, heniz ähli azyk önümlerini ýele sowrup ýetişmändir ekenler. Soňra kapitan gaýykda oturan deňizçilere gygyrdy-da, gubernator üçin niýetlenen goş-golamlary kenara daşamagy buýruk berdi. Ol goş-golamlar şeýle bir kändi welin, men, hamana diýersiň, özümi täze dostlarym bilen gitmän, ýene şu adada ýaşamaly ýaly duýdum.

Ýükleriň arasyndan, ilki bilen, bir ýaşşik ajaýyp içgi hem-de alty sany ullakan çüýşede madera çakyry çykdy (olaryň her biriniň göwrümi iki kwarta barabardy). Bulardan başga-da, iki funt päkize temmäki, on iki sany tokga sygyr eti, alty bölek ýekegapan eti, bir halta nohut bilen ýüz funt çemesi külçe hem bar ekeni. Kapitan hersi bir ýaşşik şeker bilen un diýermiň, tümmek bir halta limon bilen iki çüýşe laým şerbeti diýermiň, garaz, eçilip bilipdir. Iň esasy zat bolsa, kapitan bulardan müň kerem zyýat — alty sany arassaja köýnek, alty sany boýna atylýan nepis ýaglyk, iki jübüt ellik, bir jübüt köwüş, şlýapa we bir jübüt jorap sowgat etdi. Bularyň üstüne özüniň az-kem geýlen iňňedençykma penjegini hem peşgeş berdi. Gepiň gysgasy, kapitan meni birlaý geýindirip, tüýümi täzeledi.

Üpül-süpül bolup ýören men pahyra bu serpaýlaryň nähili hoş ýakandygyny göz öňüne bir getirip görüň. Emma, bu egin-eşikleri geýmek meni birbada şeýle bir oňaýsyzlyga salyp, gysyp gowurdy welin, ylla diýersiň, dünýäde şolardan tagaşyksyz zat ýok ýaly göründi.

Ýükleri maňa bir ujundan görkezip çykansoňlar, deňizçiler olaryň barysyny meniň howlyma alyp gaýtdylar. Soňra biz elimizdäki ýesirleri näme etmelidigini maslahatlaşmaga başladyk. Olary, ylaýta-da, olaryň arasyndaky ýakasyny tanadan, sana salyp bolmajak iki sany deýýusy öz aramyza goşmalymy, goşmaly dälmi — öränwajyp mesele bolup durýardy. Kapitan ol haramzadalaryň zatdan

gaýtmajakdygyny, şonuň üçinem, bardygeldi olary äkitmäge razy bolaýanda hem, tussag hökmünde ellerine-aýaklaryna gandal urup, ilkinji duş geljek iňlis koloniýasyna eltip, adalatly kazyýetiň eline berjekdigini çürt-kesik mälim etdi. Emma, dogrusyny aýtsam, kapitanyň özi biraz göwni bölek görünýärdi.

Onsoň, men kapitana, eger islese, gürrüňini edýän şol iki sany deňizçisini öz islegleri bilen şu adada galar ýaly edip biljekdigimi ýaňzytdym. «Wah, oňa ýetesi zat barmy?» — diýip, kapitanyň ýüzi açylyp gitdi. «Men ikelläp razy».

Men «Örän oňat» — diýip, sözümi dowam etdirdim. — «Men häzir olary getirdip, siziň üçin gürleşip bereýin». Soňra, men Anna bilen iki sany zamuny gowaga ugratdym (ýoldaşlary sözünde duransoň, indi olary boşadypdym). Hawa, men olary gowaga iberdim we ol ýerdäki elleri daňylgy bäş sany ýesiri telärli howlyma eltip, men barýançam garaşmaklaryny tabşyrdym.

Men birnäçe wagt güýmeň-süýmeň etdim-de, täze egin-eşiklerimi geýnip jülgä tarap ýola düşdüm. Indi men, hakykatdan-da, gubernator hökmünde barýardym. Hemmämiz teläriň aşagynda jemlenenimizden soň, kapitany ýanymda oturdyp, tussaglary getirmegi buýruk berdim. Gelensoňlar, men ol netikazalara öz eden pyssy-pujurlyklary hakynda kapitanyň jikme-jik gürrüň berendigini, topalaň turzup, gämini alyp gaçandyklaryny hem-de garakçylyga ýüz urmaga hyýal edendiklerini ýeke-ýeke sanap berdim. Allatagalanyň bu peläketleri öz guran duzaklaryna düşürip, il üçin gazan çukurlaryna özlerini gapgarandygyny teýeneläp düşündirdim.

Men olara gäminiň öz buýrugym bilen basylyp alnandygyny habar berdim-de: «Ol indi öz hak eýesine gowuşdy, täze kapitan bolsa, öz eden jenaýatynyň almytyny alar. Basym onuň kese reýden asylgy duran jesedini öz gözüňiz bilen görersiňiz. Indi, siz barada gürleşeliň. Siz jenaýatyň üstünde tutulan garakçylar hökmünde asmakdan meni saklap bilerkä? Ygyp ýören deňiz garakçylaryny dar agajynda hallanlatmaga meniň ygtyýarymyň bardygyny, elbetde, siz bilýän bolmaly» — diýip, sözümi soňladym.

Olaryň biri beýlekileriň adyndan jogap berip, gürlemäge ýüzleriniň ýokdugyny, ýöne ýesir alnan wagtlary kapitanyň ganlaryny ötmegi söz berendigini aýtdy we pespällik bilen meniň özlerine rehim etmegimi sorady. Şonda men oňa sowal bilen ýüzlendim: «Size neneň rehim edäýerkäm? Dogrymy aýtsam, meniň öz adamlarym alyp, bu adany taşlap gitmek hyýalym bar. Kapitan bolsa, eýýäm bizi Angliýa alyp gitmäge taýýarlanyp ýör. Elbetde, ol sizi hem Angliýa äkitmekçi bolýar, ýöne, eliňizi-aýagyňyzy zynjyrlap. Siz gozgalaň turzup, gämini alyp gaçandygyňyz üçin adalatly kazyýetiň öňünde kelläňizi ýalaňaçlap jogap berersiňiz. Onsoň size diňe syrtmagyň garaşýandygyny hem bilip goýuň. Haýsysyny halajagyňyzy bilemok, ýöne, belkem, siz öz bagtyňyzy şu adada synap görersiňiz. Men indi bu jelegaýdauzak eglenmerin. Eger özüňiz isleseňiz, «adada günümizi göreris» diýseňiz, onda janyňyzy bagyşlap, size şu ýerde galdyrmak hyýalym hem ýok däl».

Olar meniň teklibime monça bolup, alkyş baryny okadylar we Angliýa baryp, dara çekilenlerinden şu çolaja adada gün görenleriniň ibaly boljakdygyny tekrarladylar. Men şeýdip bu meseläni çözdüm etdim.

Kapitan ör-gökden gelen kişi bolup, olary bu ýerde goýup gitmek niýetiniň ýokdugyny aýtdy. Menem gözümi alardan bolup, kapitanyň al-petinden aldym: «Jenap kapitan, bular siziň däl-de, meniň ýesirlerim. Rast, men bulara söz berdimmi, diýmek men öz sözümde-de duraryn. Eger, maňa nägileçiligiňiz bar bolsa, onda bulary häziriň özünde erkinlige goýberjek. Onsoň, başarsaňyz özüňiz kowalaň-da, tutuberiň».

Bu gürrüňe diňläp duran tussaglar maňa ýene-de alkyş baryny ýagdyrdylar. Aýdyşym ýaly, men olary erkinlige goýberdim we gizlin gowagyň ýanyndaky tokaýlyga ugratdym. Ýola düşmänkäler, men olara: «Men size ýeterlik tüpeňdir ok-däri goýduraryn. Eger kanagat edip, arkaýyn ýaşaýyn diýseňiz, onda size näme-näme etmelidigini hem öwrederin» — diýip, az-kem gop berdim. Şondan soň, men öýgoşlarymy gözden geçirip, gämä äkidilmeli zatlary tükellemäge başladym. Kapitana bolsa, bu gijäni howlymda goş düwüp geçirjekdigimi aýdyp, onuň özüniň gämä gitmegini haýyş etdim. «Gämini birkemsiz tertip-düzgüne salyp, ertir ir bilen maňa bir gaýyk ugratsaňyz minnetdar bolaryn. Ondan başga-da, adada galjak deňizçilere göz bolar ýaly, gämä baran dessiňize, şol bihepbe kapitansumagyň jesedini reýadan asdyrmagy ýatdan çykarmaweriň» — diýip, pugta sargyt etdim.

Kapitan gidensoň, men hälki bäş deňizçini howlyma çagyrtdym-da, olaryň ýagdaýy barada çynlakaý gürrüňleşdim. Men olara dogry ýoly saýlap alandyklaryny, sebäbi kapitan olary alyp gidäýse, onda dardan asyljaklarynyň ikuçsuzdygyny gowy edip düşündirdim. Men olara gäminiň reýasyndan asylgy duran kapitansumagyň jesedini hem görkezdim we özlerine-de şonuňkydan gowy ykbal garaşmaýandygyny aýtdym.

Olar bu ýerde galmaga göwünjeňdiklerini ýene bir gaýtalansoň, men özümiň adadaky başdan geçiren wakalarymy gürrüň berip, bu ýerde ýaşamagyň usullaryny öwretmekçi bolýandygymy aýtdym. Şeýlelik bilen, men olara bu ada gelip düşüşimden başlap, bar zady jikme-jik gürrüň berdim. Öz guran berkitmeli howlymy görkezdim, nan bişirişimi, däne ekişimi, kişmiş serişimi düşündirdim. Başga-da, olaryň kösenmezligi üçin gerek bolan zatlary öwredişdirip çykdym. Soňra men olara on ýedi sany ispan hakynda hem gürüň berdim we olara gowşurar ýaly hat ýazdym. Olar gelen wagty deň-derejeli gatnaşyp, goşulyşmaga kasam etdirdim (Ýeri gelende aýtsam, syýany kapitan getiripdi. Dogrusy, men has kyn işleriň hem hötdesinden gelen-de bolsam, agaçkömür bilen suwy garyp, syýa ýasamagyň meniň kelläme gelmeýşine ol örän haýran galypdy).

Men adada galjak deňizçilere öz ýaraglarymy, ýagny bäş sany muşketimi, üç sany aw tüpeňimi we üç sany gamamy goýdum. Mende bir ýarym çelek däri galypdy, sebäbi başky birki ýyldan soň ony juda aýawly ulanypdym. Onam bulara berdim. Olara geçileri saklamagyň, süýdüni sagyp semretmegiň, mesgedir peýnir ýasamagyň tärlerini öwredişdirdim. Gepiň keltesi, men olara bütin başdangeçirmelerimi aýdyp berdim we kapitandan towakga edip, ýene iki çelek däri bilen gök bakja ekinleriniň çigitlerinden goýdurtmaga söz berdim. «Bu zatlarym bolan bolsady, özüm-ä juda begenerdim» — diýdim. Bulardan başga-da, men adanyň täze ýaşaýjylaryna kapitanyň maňa getiren bir halta nohudyny tabşyrdym we ony ekip köpeltmeklerini maslahat berdim.

# XIX BAP

Men bu zatlary düşündirenimden soň, ertesi gün goş-golamymy alyp, gämä mündüm. Biz wagt ýitirmän, ýüzüşe taýýarlanyp ugradyk, ýöne ol gije labyry galdyryp bilmedik. Ertirligi Gün dogup, jahan ýagtylanda, ada taşlanan deňizçileriň iki sanysy gäminiň alkymyna çenli ýüzüp geldiler-de, beýleki üçüsinden ýaňa gan aglap, nalamaga başladylar. Kapitandan, Allanyň haky üçin, özlerini galdyryp gitmezligini haýyş edip, bu ýerde galaýsalar, bahym öldüriljekdiklerini aýtdylar. Olar «Assaňyzam, özüňiz asyň, ýöne bizi gämä mündüriň» — diýip özelendiler.

Kapitan böwrüne diň salan bolup durdy-da, menden rugsat almaly boljakdygyny aýtdy. Biz olary birsalym kösäp saklap, ahyrsoňunda düzeljekdikleri barada ant içirip, gämä mündürdik. Kapitan mazaly saýgyladyp, eýlerini ýetirdensoň, olar has akýürekli, ümsüm deňizçä öwrüldiler.

Şondan kän wagt geçmänkä, daşgyn başlady. Kapitanadada galjaklara wada berlen ýükleri gaýyga ýükledip, kenara ugratdy. Meniň haýyşym bilen, ýükleriň arasynda egin-eşikli sandyklar hem goýlupdy. Deňizçiler muňa örän hoşal boldular. Men olary ýatdan çykarman, eger mümkinçilik tapsam, olary alyp geçer ýaly gämi iberjekdigimi aýdyp, ol biçärelere göwünlik hem berdim.

Adadan gaýdan mahalym, men ýadygärlik hökmünde geçi derisinden tiken ullakan başgabymy, saýawanymy hem-de totuguşlarymyň birini ýanym bilen aldym. Elbetde, öň gürrüňini eden pullarymy hem ýatdan çykarmadym. Olar hiç zadyň alnyndan bolman, şeýle bir köp ýatypdy welin, garalyşyp, zeňläp giden ekeni. Olaryň kümüşdigini bilmek üçin birneme arassalap, sürteşdirmeli bolýardy. Men gark bolan ispan gämisinden tapan pullarymy hem aldym.

Şeýlelikde, men gämide ýöredilýän senenama boýunça, ada gelip düşenimden tegelek ýigrimi sekiz ýyl, iki aý, on dokuz gün geçensoň, 1686-njy ýylyň 19-njy dekabr güni adany taşlap, ýola düşdüm. Meniň ikinji ýesirlikden halas bolan şol günüm, mawrlaryň Sale şäherinden barkasly gaçyp gaýdan günüm bilen şol bir ýylöwrüme gabat gelipdi.

Men uzaga çeken ýüzüşden soň, 1687-nji ýylyň 11-nji iýun güni, otuz bäş ýyl jyda düşen mähriban ýurduma — Angliýa baryp ýetdim.

Angliýa baran wagtym, hamana diýersiň, men bu ýerde hiç hili ýaşamadyk ýaly, hemmeler maňa keseki gözi bilen garaýardy. Meniň öz pullarymy ynanyp gaýdan howandarym — ygtybarlypenagärimaýatda diri ekeni, ýöne ol kän külpetleri başdan geçiripdir. Ikinji gezek dul galyp, hor-homsulygyň, garyplygyň holtumyna düşüpdir. Men ony köşeşdirip, özüne goýup giden pullarymy yzyna soramajakdygymy, gaýta, öňki eden ýagşylyklaryna we wepalylygyna minnetdarlyk hökmünde, elimde baryndan ýene kömek etjekdigimi aýtdym. Hakykatdan hem, şol wagt meniň onçakly gurbum ýokdy. Men oňa ozalky eden ýagşylygyny hiç haçan ýadymdan çykarmajagymy söz berdim. Aýdyşym ýaly, men hal-ýagdaýym gowulaşan mahaly, ony gözden salmadym. Bu barada ýeri gelende gürrüň bererin.

Soňra men Ýorkşire gitdim. Kakam bilen ejem pahyr birçak dünýeden öten ekeni. Maşgalamyz tasýiteňkirläpdir. Diňe iki sany uýam, hem-de bir agamyň iki sany çagasy galypdyr. Birmahal ölüp gidendirin öýdüp, maňa miras hem goýulmandyr. Garaz, gepiň külesi, maňa ne-hä bir pul, ne-de bir hemaýat berer ýaly adam galypdy. Ýaňadan öý-hojalyk gurnamak üçin mendäki ujypsyzja pul ýeterlik boljak däldi.
Şol günleriň birinde garaşylmadyk ýerden meniň bagtym çüwdi oturyberdi. Uly höwes bilen halas eden gämimiň kapitany meniň gämini, içindäki ýükleri hem-de deňizçileriň janlaryny nähili halas edendigimi gäminiň eýelerine öwüp-öwüp gürrüň beripdir. Olar meni hem-de ýükleriň eýesi bolan täjirleri çagyrdylar-da, barysy bileleşip, bitiren hyzmatym üçin maňa uly taňryýalkasyn aýdyşyp, iki ýüz funt sterling puly sowgat berdiler.
Men gün-güzeran hakynda ençe wagt kelle döwenimden soň, öý-hojalyk edinmek üçin onçakly baýlygymyň ýokdugyna göz ýetirdim we Lissabon şäherine gidip, meniň Braziliýadaky plantasiýamdan hem-de portugalgoňşymdan habar tutmagy ýüregime düwdüm. Onuň indi uzak ýyllardan bäri meni ölendirin öýdüp ýörendigi gümansyzdy.
Şol hyýal bilen men Lissabona barýan bir gämä mündüm weaprel aýynda ol ýere baryp düşdüm. Bütin şu ýüzüşleriň dowamynda hyzmatkärim Anna maňa akýürekden ýoldaş boldy and özüniň örän wepaly hyzmatkärdigini hemişe görkezdi.
Lissabonda işim şowuna düşüp, soraşdyryp-ideşdirip, meni Afrikanyň kenarynda halas edip, gämisine mündüren portugal kapitany tapdym. Ol garrap, deňizçilik kärini taşlapdyr-da, gämisini indi ýigit çykan ogluna ynanypdyr ekeni.Onuň ogly şindi Braziliýa bilen söwda-satyg işlerini dowam etdirýär eken. Garry ýaşuly meni tanamady, aslynda, meniň özümem ony birbada tanamajak boldum. Ýöne, basym ol meniň hakydama geldi, onsoň men kapitana özümiň kimdigimi aýdanymda, ol hem meni tanady.
Biz gara-gadyr bolup, birsalym könäni ýatlaşanymyzdan soň, okyjynyň çaklaýşy ýaly, men ondan öz ekinzarçylygym we şärikdeş dostum barada soradym. Goja kapitan indi dokuz ýyla golaý wagt bäri Braziliýa gidip görmändigini, o taýdan gaýdan mahaly dostumyň diri gezip ýörendigini, ýöne welin öz mülkümi we hojalyk işlerimi ynanyp gaýdan wekillerimiň ikisiniňem aradan çykandygyny gürrüň berdi. Emma, ol meniň plantasiýamyň girdejisi barada has jikme-jik maglumat tapsa boljakdygyna ynanýardy. Sebäbi, meniň gark bolandygym barada myş-myşlar ýaýransoň, wekiller plantasiýanyň meniň paýyma düşýän böleginiň girdejileri barada şäheriň maliýe prokuroryna hasabat beripdirler. Prokuror, men hiçhili gara bermedik ýagdaýymda, baýlygymyň üçden birini korolyň adyna, galan üçden iki bölegini bolsa, garyp-gasarlara sadaka bermäge hem-de ýerli taýpalary katolik ynanjyna geçirmäge niýetläp Keramatly Awgustin monastyryna geçirmeli edip, wagtlaýynça döwletiň haýryna geçiripdir. Prokuror, eger men yzyma dolanyp gelsem ýa-da meniň haýsydyr bir mirasdüşerim talap etse, onda şol puluň haýyr-sahawat işleri üçin peýdalanylan ýyllyk girdejilerimden galanyny yzyna gaýtaryp bermegi karar edipdipdir. Kapitanyň aýdyşyna görä, korolyň gaznaçysy bilen monastyryň serenjamçysy plantasiýanyň her

ýylky girdejisi baradaky hasabaty meniň şärigimden talap edip, maňa düşýän paýy birsydyrgyn alyp durupdyrlar.
Men kapitandan plantasiýanyň girdejisiniň näçeräk köpelendigi, ugruna seretsem, düşewüntli boljagyny-bolmajagyny hem-de ol ýere baraýsam, öz hakyma düşýän paýymy yzyna almak hukugyma päsgelçilik bardygyny-ýokdugyny soraşdyrdym.
Kapitan plantasiýamyň näçeräk ösendigi barada anyk zat aýtmagyň kyndygyny, ýöne meniň şärigimiň öz düşýän paýdan depseň yranmaz tütjar baý bolandygyny düşündirdi. Onuň ýadyna düşüşiçe, meniň paýymyň korola berilmeli üçden bir böleginiň (ähtimal ol haýsydyr bir monastyra ýa-da dini gurama geçirilýärdi) özi ýylda iki ýüz moýdordan geçýär ekeni. Kapitan şol pullary yzyna dolap almagym barasynda kän bir kynçylyk çekmejegimi, sebäbi meniň şärigimiň heniz diridigini we şaýat bolup çykyş etjekdigini, üstesine-de, meniň adymyň raýat hasaba alyş ýazgysynda durandygyny tekrarlady. Ol, mundan başga-da, meniň aradan çykan wekillerimiň mirasdüşerleriniň örän akýürekli, sahawatly we baý adamlardygyny, olaryň pulumy yzyna almagymda maňa ullakan kömek etjekdiklerine ynanýandygyny hem aýtdy. Olarda meniň adyma üýşüp giden ep-eslije pul bar bolmagy hem ähtimaldy. Sebäbi, kapitan aýtmyşlaýyn, meniň dereksiz ýitenimiň on ikinji ýylyna çenli plantasiýany bakyp-bejeren wekillerim, şol döwrüň dowamyndaky ähli girdejileri öz ellerinde jemläp goýan bolmalydy.
Men bu gürrüňe biraz aladalanyp, ynjalykdan gaçdym. Soňra öz wekillerime wesýetnama goýup, portugal kapitana ýeke-täk mirasdüşer yglan edendigimi agzadym-da, wekillerimiň näme üçin meniň wesýetimi ýykandyklaryny kapitandan soradym.
Kapitan: «Onyň dogry-la» — diýip, söze başlady. — «Ýöne, seniň ölendigiňe gutarnykly delil bolmansoň, seniň wesýetiň boýunça hereket edip bilmedim.Mende seniň ölendigiňi görkezýän anyk subutnama ýokdy ahyryn. Onsoňam, ekerançylykdan känbir başym çykmansoň, plantasiýaly işe goşulyşasym hem gelmedi. Emma, şonda-da men seniň govan wesýetnamaňy bellige aldyrdym we özümiň hak islegimi beýan etdim. Eger şonda seniň ölüdigiň-diridigiň barada subutnama bolan bolsady, onda men seniň adyňdan işe girişip, injeniony (şeker zawodyny) öz eýeçiligime geçirip bilerdim. Onsoň men ony Braziliýada ýören ogluma tabşyryp, arkaýyn dolandyryp bilerdim. Ýöne, men saňa ýene bir zat aýtmaly, elbetde, onuň saňa öňki täzeliklerden has ýokuşrak degmegi mümkin. Tutuş il-gün ýaly, seniň dereksiz ýitip gidendigiňe ynanan şärikdeşiň we wekilleriň ilkinji alty ýa-da sekiz ýylyň girdejisini seniň adyňdan maňa hödürlerdiler, menem aldym. Emma, şol döwürler hojalygy ulaltmak, şeker zawodyny gurmak we gul-gyrnak satyn almak ýaly örän gymmat düşjek aladalar bardygy sebäpli, plantasiýa ilkibaşlarda onçakly köp düşewünt bermeýärdi. Şonda-da, mensaňa näçe pul alandygymyň we şol alan pullarymy nämä sowandygymyň jikme-jik hasabatyny berjek».
Aradan birnäçe gün geçensoň, köne dostum bilen gürrüňleşip otyrkak, ol plantasiýamyň alty ýyllyk girdejisiniň şärigim hem-de iki sanym wekilim tarapyndan gol goýlan hasabatyny maňa uzatdy. Hasabaty elmydama haryt görnüşinde ýöredipdirler, ýagny onda temmäki desseleri, şeker guýlan sandyklar, şeýle hem,

şekerden öndürilen rom, gara toşap we şoňa meňzeş önümler görkezilipdir. Hasabatdan göz ýetirişimçe, girdeji ýylsaýyn köpelipdir, ýöne çykdajylar köp bolansoň, ilkibaşlarda kän bir pul süýşmändir. Şeýle-de bolsa, kapitan maňa dört ýüz ýetmiş altyn moýdor bergisiniň bardygyny görkezdi. Meniň Braziliýadan syýahata çykanymyň on birinji ýylynda kapitan Lissabon şäherine dolanyp gelýärkä, gämisi heläkçilige uçrapdyr. Şonda gämide maňa degişli altmyş sandyk şeker bilen on bäş sany jübüt desse temmäki hem bar ekeni.

Soňra akýürekli dostum başyndan inen külpetlerden nalamaga başlady we öz ýitgileriniň öwezini dolup, täze gämi satyn almak üçin meniň puluma el uzatmaly bolandygyny gürrüň berdi. «Ýöne, gadyrdan dostum» — diýip, goja kapitan sözüne dowam etdi. — «Sen zada mätäç bolmarsyň; ynha, basym oglum dolanyp gelensoň, ählije puluňy tölärin». Ol sözüne dyngy berdi-de, könelip giden pully haltajygy çykardy we maňa bir ýüz altmyş altyn portugal moýdoryny sanap berdi. Berginiň galan bölegine girew hökmünde bolsa, oglunyň Braziliýa münüp giden gämisiniň eýeçilik hukugyny görkezýän hat-petekleri elime tutdurdy. Kapitana gäminiň dört biri, ogluna bolsa, başga bir dörtden biri degişli ekeni.

Men ol görgüli biçäräniň dogruçyllygyna we akgöwünliligine tolgunyp, dilime badak salnan ýaly boldum. Onuň maňa eden ýagşylyklary, deňizden halas edişi, hemişe jomartlyk bilen kömek edişi, ylaýta-da, maňa hakyky dostluk görkezendigi ýadyma düşende, onuň şol sözlerine agym tutup, zordan saklandym. Şonuň üçinem, «munça puly birbada bermäge gurbuň çatarmy, soňra kösenmersiň-dä hernä?» diýip, köne dostuma ýüzlendim. Ol azda-kände kösenmeginiň ähtimaldygyny ýaňzytdy. Ýöne, näme, etjek alajym ýokdy — pul meniňkidi we onuň özüme has zerur bolmagy mümkindi.

Garry ýaşulynyň her bir aýdan mährem sözlerine damagym dolup, dyňzap gelýän gözýaşlaryma zordan böwet bolýardym. Gepiň tümmegi, men hälki puluň ýüz moýdoryny aldym-da, ýelekgalam bilen syýa sorap, puly alandygym barada dilhaty ýazdym. Soňra galan puly kapitanyň öňüne süýşürdim-de, eger plantasiýamy yzyna almagy başarsam, onda şol ýüz moýdory hem yzyna tölejekdigimi aýtdym (men soňra sözümde durdum). Onuň oglunyň gämisindäki paýyny menden satyn alyp, muzduny tölemegi bilen ylalaşmajakdygymy çürt-kesik mälim etdim. Eger, bardygeldi pula mätäç bolaýsam, kapitanyň gol gowşuryp oturmajagy aýan bolupdy ahbetin. Aýdaly, plantasiýamy yzyna alyp bilsem, onda kapitandan gara şaýy pul almazlyga onuň häzirki özüni alyp barşy doly esas berýärdi.

Soňra bolsa, kapitan maňa plantasiýamy yzyna gaýtaryp almagyň usulyny öwretmegi teklip etdi. Men özümiň şol ýere gitmek isleýändigimi aýtdym. Ol meniň bilen ylalaşdy, ýöne, eger islesem, hukugymy yzyna dikeldip, girdejileri derrew ulanyp başlamagyň başgaçarak ýollarynyň hem bardygyny duýdurdy. Ol Lissabon şäherinden geçýän Taho derýasynda Braziliýa ugramaga taýýar duran gämileriň bardygyny anyklap, derrew meniň adymy döwlet hasaba alyş reýestrine ýazdyrdy. Onsoň, ol meniň diri ýaşap ýörendigim hem-de ekin ekmek maksady bilen şol plantasiýany ilki bilen satyn alan adamdygym barada ant içip, ýazmaça dilhat berdi. Biz soňra ol dilhaty notariusa tassykladyp, ynanç hatyny aldyk weaýratyn bir hata

goşup, kapitanyň Braziliýada ýaşaýan bir tanyş söwdagärine ugratdyk. Şol işleri birýüzli edenimizden soň, goja kapitan maňa indi hatyň jogaby gelýänçä tagapyl edip garaşmagymy maslahat berdi.

Şol söwdagäriň ynanç hatymyň esasynda bitiren işleri her öňýetene başartjak zat däldi.Aradan ýedi aýa golaý wagt geçensoň, meniň wekillerimiň mirasdüşerlerinden bir petde hat-petek gowuşdy (wekil diýýänim — geplerine ynanyp, gul söwdasyna çykan täjirlerimdi). Onda şu aşakdaky hatlar weresminamalar bardy:

Birinjisi, wekilleriň ilkinji alty ýylyň girdejilerini köne dostum — portugal kapitan bilen hasaplaşan gününden soňraky döwür üçin, meniň plantasiýamyň ýyllyk girdejilerini görkezýän hasap-hesip depderi bolup çykdy. Şonda meniň paýyma bir müň bir ýüz ýetmiş dört moýdor düşýär ekeni.

Ikinjisi, ýene dört ýylyň hasabatydy (şol döwrüň ahyrynda kanunçylyk esasynda raýat ölümi diýlip atlandyrylýan, atsyz-sorsuz ýitip giden adamyň emlägi hökmünde hökümet meniň emlägimi dolandyrmagy öz eline alypdyr ekeni). Şol dört ýylyň dowamynda plantasiýanyň girdejisi örän çalt köpelipdir we on dokuz müň dört ýüz kyrk alty kruzado baryp ýetipdir. Ol bolsa, üç müň iki ýüz kyrk bir moýdora deň bolýardy.

Üçünjisi, Keramatly Awgustin monastyrynyň baş ruhanysynyň hasabat hatydy. Onuň monastyry on dört ýyllap meniň girdejimden paý alypdyr. Baş ruhany hassahana üçin harçlanan puldan galan sekiz ýüz ýetmiş iki moýdory meniň emlägim hökmünde örän akgöwünlilik bilen yzyna hödürleýärdi. Korolyň hazynaçysy barada aýtsam, ondan ýaňa tamaňy gyl ýuwdan ýaly bolaýmalydy.

Hat-petekleriň arasynda şärigimiň ýazan haty hem bar ekeni. Ol meniň diri ýaşap ýörendigimi tüýs ýürekden mübärekläpdir, ekin meýdanymyzyň nähili özgerendigini we onuň her ýylky girdejisini jikme-jik ýazypdyr. Meýdanyň her akryny, oňa nämeler ekilýändigini, näçe sany guluň zähmet çekýändigini görkezipdir. Soňra, ol ýigrimi iki sany atanajyk goýupdyr-da, meniň aýatda diridigime begenip, şonça gezek Merýem enä alkyş okamak üçinörän köp «Ave Maria» dogasyny okandygyny aýdypdyr. Ol gara çyny bilen meni öz ýanyna baryp, mülküme eýe çykmaga çagyrýardy. Bardygeldi özüm barmajak bolsam, emlägimi, pullarymy kime bermelidigini soraýardy. Şärigim hatynyň ahyrynda özüniň we maşgalasynyň maňa bolan çäksiz dostlugyny tekrarlapdyr. Ol maňa sowgat hökmünde ýedi sany ajaýyp alajagaplaň derisini ýollapdyr. Çaky, ol menden soň başga bir gämini Afrika iberen bolmalydy (elbetde, ol gäminiň işi meniňkiden şowlapdyr). Mundan başga-da, ol bäş sandyk ajaýyp kemputdyr süýjülik, moýdora görä kiçiräjik ýüz sany zikgelenmedik tylla teňňe hem ugradan ekeni. Täjir wekillerim hat-petekleri getiren gämä goşup, maňa bir müň iki ýüz sandyk şeker, sekiz ýüz desse temmäki we galan altynlaryň barysyny ýükläp goýberipdirler.

Şeýlelikde, edil Eýýup pygamberde bolşy ýaly, «öňüm gelenden soňum gelsin» diýleni hak bolup çykdy. Dumly-duşdan akyp gelýän baýlyklar gözümiň öňüne gelen mahaly, ýüregimiň nähili göçgünli şatlyklary başdan geçirenini düşündirmek mümkin däl. Braziliýadan meniň hatlarymy getiren gäminiň ýany bilen meniň baýlyklarymdan mas ýüklenen başga-da telim sany gämi uly flot bolup geläýen bolsa nädersiň. Asyl

men hatlary elime almankam, meniň harytlarym we gülebentlerim Lissabonyň gämi duralgasyna düşürilen ekeni. Men bu habary eşidenimde, ýüzümiň reňki agyp, essim aýyldy. Garry kapitan ylgap gitdi-de, şypaly suw äkeldi. Duýdansyz gelen şatlyk duýgusy aňkamy aşyran bolarlydy. Şol duranja ýerimde amanadymy tabşyraýmagym hem daş däldi. Meniň halym barha teňleşýärdi. Birnäçe sagat geçensoň, lukman geldi-de, meniň ýarawsyzlygymyň düýp sebäbini kesgitledi. Ol damarymdan gan alansoň, men derrew aýňalyp, bäri bakdym. Eger gan aldyryp, ýüregim düşüşmedik bolsady, onda men şol gün hökman dünýämi täzelärdim.

Şeýlelikde, men oslagsyz ýerden bäş müň funt sterlingden gowrak baýlygyň eýesi boldum oturyberdim. Üstesine-de, Braziliýada ýyllyk bir müň funt sterling çemesi girdeji berýän, Angliýadakylara bäs edýän, gurply mülk ýerim hem bolupdy. Mahlasy, men şeýle bir täsin ýagdaýa uçrapdym welin, asyl ýöne aňk-taňk bolup, begenjimden ýaňa näme edip, näme goýýanymy bilmeýärdim.

Soňra, meniň birinji işim heläkçilige uçran mahalym maňa ilkinji bolup gol uzadan hakyky hemaýatkärime — kapitan dostuma sylag-serpaý ýapmak boldy. Ol maňa jahyllyk döwrümde tekge berip, gojalan çagymda akýürekli çemeleşipdi. Men özüme iberlen bar harytlary, gülebentleri kapitana görkezişdirip çykdym-da, ählije mal-mülküm üçin owwal Allatagalanyň, soňra onuň öňünde bergidardygymy aýtdym. Indi, onuň eden ýagşylyklaryny ýüz esse edip sylaglamagyň wagty gelip ýetipdi. Onsoň, men oňa ilkibaşda alan ýüz moýdarymy gaýtaryp berdim. Soňra bolsa, notarius çagyrdyp, ýaşulynyň maňa bar bolan dört ýüz ýetmiş moýdoryny geçýändigim barada doly resmi we gutarnykly kepilhaty ýazdyrdym. Şonuň yzysüre, kapitanyň mundan beýläk plantasiýamyň ýyllyk girdejisini meniň adymdan almagyna hukuk berýän ynanç hatyny taýýarlatdym. Ynanç hatymda men öz şärigimi her ýyl kapitana hasabat bermäge we degişli girdejileri meniň adymdan gämä ýükläp, kapitana iberip durmaga borçly etdim. Hatyň ahyryna ýene bir madda goşup, eziz dostuma tä ömri ötýänçä ýylda öz girdejilerimden bir ýüz moýdor, ol obasynyň täzelänsoň bolsa, onuň ogluna ýylda elli moýdor tölemekligi äht etdim. Ine, şeýdip men garry dostum bilen hutma-hut boldum.

Indi öz durmuş ýolumy haýsy ugra gönükdirmelidigi we Biribaryň maňa gudrat bilen bagyş eden baýlygyny nähili ulanmalydygy barada oýlanmaga gezek gelipdi. Aslynda, adada ýeke özüm, tapan zadym bilen oňňut edip, diňe gerek-ýaragymyň gamyny iýip, asuda geçiren ýaşaýşyma garanyňda, şu wagt kellämde has köp alada bardy. Eýýämden üstümi alada basdyrypdym, her bir işi birlaý ýerbe-ýer etmelidim. Ne-hä bir pullarymy goýar ýaly gowagym, ne-de olar adam oglunyň eli degmän, özbaşyna zeňläp ýatar ýaly gulpsuz-açarsyz ýerim bardy. Pullary nirä goýjagyňy, kime ynanjagyňy biler ýaly däldi. Goja kapitan örän pak ýürekli adamdy, meniň ýeke-täk gaçybatalgam hem şol bolarlydy.

Şol aralykda, Braziliýadaky bähbitlerim üçin ol ýere gitmeli bolaýjak ýalydym. Emma, işlerimi ugrukdyrman, elimdäki baýlygy ynamdar birine tabşyrman gitsem boljak däldi. Ilki bilen, kelläme Angliýadaky dul zenan geldi. Ol ynsaply aýalyň meniň hakymy iýmejegine gözüm ýetikdi. Emma, onuňam ýaşy ötüşipdi, pukarajady.

Ähtimal, bergisi bar bolmalydy. Garaz, şonluk bilen, gülberimi arkama daňyp, Angliýa dolanmakdan başga çykalgam galmady.

Şeýle çözgüde gelýänçäm aradan birnäçe aý geçdi. Men köne hemaýatkärim — kapitan dostumyň doly sylagyny ýetirip, göwnüni hoş etdim. Şondan soň men biçäre dul zenan barada oýlanmaga başladym.Maňa ilkibaşda ugur-ýol öwreden şonuň adamsydy. Onuň özem hal-ýagdaýy gowy wagtlary maňa elinden gelen kömegi edip, wepaly hossarym we maslahatçym bolupdy. Şonuň üçinem, men, birinji bilen, Lissabondan bir täjir tapyp, onuň Londondaky tanşyna hat ugratdyrdym. Men öz hatymda londonly täjirden meniň hata goşup iberjek ýüz funt sterlingimi şol dul zenana elin gowşurmagyny hem-de eger, ölmän ýörsem, onda ýene-de pul kömegini iberjekdigimi aýdyp, onuň garyplyk derdini egismegini towakga etdim. Şol bir wagtyň özünde obada ýaşap ýören iki sany aýal doganymyň hersine ýüz funt sterling iberdim. Olar garyp bolmasa-da, barybir ýagdaýlary öwerlikli däldi. Aýal doganlarymyň biri äre çykyp, soňra dul galypdy. Beýlekisiniň ýassykdaşy bolsa, oňa onçakly gowy çemeleşmeýärdi.

Emma, men garyndaşlarymyň we tanyşlarymyň arasynda, Braziliýa giden mahalym, yzymdan arkaýyn bolup, pulumyň, harytlarymyň esasy bölegini ynanyp gider ýaly ýekeje-de ynamdar adam ýokdy. Bu bolsa, meni diýseň ünjä goýýardy.

Kelläme «Braziliýa ymykly göçüp gidäýsem niçik bolarka?» diýen pikir gelýärdi, sebäbi men ol ýeriniň raýatlygyna geçilgidim. Emma, maňa böwet bolýan bir iňkis bardy — din-ygtykat meselesini nähili çözmelidi. Aslynda, meni ol ýere göçüp gitmekden saklaýan zat ygtykat däldi. Braziliýada ýaşan wagtym katolik ygtykadyna kellämi agyrtmandym, indem agyrtmajagym bellidi. Ýöne welin, meniň dini ynanç baradaky garaýyşlarym ozalkymdan düýpgöter özgeripdi. Katolikleriň arasynda ýaşap, şol jelegaýlarda dünýeden ötüp gitmeli boljakdygym ýadyma düşende, katolik ygtykadyna girmelidigime juda ökündim. Katolik bolup ölüp gidiberesim gelmeýärdi. Ýöne, ýaňky aýdyşym ýaly, aslynda meni Braziliýa gitmekden saklaýan zat bu däldi-de, baýlygymy kime goýjagymy bilmezligimdi. Ahyrsoňy, men Angliýa gitmeli diýen netijä geldim. Ol ýere bir baramsoň, öňde-soňda tanyş-biliş, dost-ýar tapyljagyna bil baglaýardym. Şeýlelikde, men bar baýlygymy jemläp, Angliýa dolanmaga taýýarlanyp başladym.

Men öýüme dolanmazdan öň öz işlerimi ýerbe-ýer etmegiň ugruna çykdym hem-de hojalygymyň ähli hasabatlaryny dogruçyl we adalatly ýazyp iberendikleri degişli adamlara hat ýazmagy ýüregime düwdüm, sebäbi Braziliýadan gelen gämiler basym yzyna gaýtmalydy. Men ilki bilen Keramatly Awgustin monastyrynyň baş ruhanysyna päk göwünli hasabaty üçin köp taňryýalkasyn aýdyp, hat ýazdym. Hatymda heniz sowulmadyk sekiz ýüz ýetmiş iki moýdoryň bäş ýüzüni monastyra bagyş edýändigimi aýdyp, galan üç ýüz ýetmiş iki moýdory bolsa, baş ruhanynyň garyp-gasarlara paýlamagyny towakga etdim. Maňa ýagşy dileg-dolaglar etmegini haýyş etdim.

Adalatly we dogruçyl hereketleri üçin owadan-owadan sözler bilen iki wekilime-de minnetdarlyk hatyny taýýarladym. Sowgat ibermek meselesini bolsa, olaryň juda gurpludygyny nazarda tutup goýbolsun etdim.

Men soňra öz şärigime-de hat ýazyp, plantasiýany ösdürmekdäki zähmetsöýerligi, esasy maýany ulaltmakdaky gaýratlylygy sebäpli uly minnetdarlyk bildirdim. Maňa düşýän paý barada görkezme berip, ýaşuly kapitany özüme ygtyýarly wekil belländigimi, eger menden aýratyn bir habar geläýmese, onda meniň paýyma düşýän ähli baýlygy-girdejini şoňa ibermekligini tabşyrdym. Diňe bir özüni görmek üçin däl-de, eýsem galan ömrümi ýaşamak üçin hökman Braziliýa barmak niýetimiň bardygyny hem aýtdym. Men hatyň ýanyna, onuň aýaly we iki sany gyzy üçin (men olar barada kapitanyň oglundan eşidipdim) italýan ýüpeginden tikilen örän bezemen lybaslary goşdum. Lybaslaryň ýanyna Lissabondan tapyp bolaýjak iki top iň nepis iňlis mawudyny, bäş top ajaýyp gara baýkany hem-de gymmatbaha flamand tornagyşlaryny saldym.
Işlerimi şeýdip ýola goýanymdan soňra, harytlarymy satyp dyndym. Düşen puluň barysyny ygtybarly weksellere öwürdim. Soňra ýene-de bir kynçylyk ýüze çykdy — Angliýa nähili gitmelidi. Men deňze ýeterlik derejede öwrenişipdim. Emma, nähilidirbirhili, şol wagt Angliýa gämili gitmek baradaky pikirden gaça duranymy kem görmedim. Ol duýgyny nähili düşündirjegiň belli däldi. Bu kynçylyk meni barha we barha şeýle bir basmarlap ugrady welin, ýola düşmek üçin gämä ýüklän goşgolamlarymy yzyna düşürdim. Şol hereket ýene-de iki üç gezek gaýtalandy.
Dogrusyny aýtsam, meniňki deňizde hiç ugruna bolmaýardy. Meni ýöwselledýän sebäpleriň biri hem belki şoldur. Ýöne welin, şunuň ýaly pursatlarda elmydama ýüregiň syzýan zadyna uýmalydygyna gözüm ýetikdi. Ýüzüşe çykmakçy bolan, ýagny ala-böle saýlap tutan iki sany gämimiň ikisem betbagtçylyga uçrady. Men olaryň birine goşlarymy mündürip düşüripdim, beýlekisiniň bolsa, kapitany bilen ylalaşyp goýupdym. Ol gämileriň birinjisini alžirliler basyp alypdyr, ikinjisi bolsa, Torbeý aýlagynyň golaýyndaky Start sebitinde heläkçilige uçrap, ekipažyndan diňe üç sany adam diri galypdyr. Şol gämileriň haýsysynda ykbalymyň has keç boljagyny aýtmak kyndy.
Men pikirlerim garjaşyp, halys çykalga tapman, bar syrymy açýan dostuma — ýaşuly kapitana sala saldym. Ol meniň deňizden gitmegime keskelläm garşy çykdy. Kapitan maňa ýa-ha La-Korunýa baryp, Biskaý aýlagyndan geçip, La-Roşel şäherine, ol ýerden bolsa, emgenmän Pariže geçmegimi ýa-da ilki Madride baryp, tutuş Fransiýany gury ýer bilen kesip geçmegimi maslahat berdi.
Gepiň gysgasy, Kale portundan Duwr şäherine çenli aralygy hasap etmeseň, onda men deňizde ýüzüşe çykmaga düýbünden göwnemeýärdim. Şeýle bolansoň, men gury ýer bilen ýol çykmaly diýen netijä geldim. Iň soň, göçüm geçjek aladasy ýokdy. Ýol harjysynyň köp bolmagy hem meni azara goýmaýardy. Sebäbi, gury ýer bilen syýahat etmek tüýs hoşuma gelýärdi. Ýaşuly kapitanyň Lissabonda ýaşaýan bir iňlis täjiriniň ogluny yzyna tirkäp getirmegi meni has-da şatlandyrdy. Ýaş jentlmen meniň bilen bilelikde ýola çykmaga döwtalap bolan ekeni. Soňra, biz ýanymyza iki sany iňlis söwdagär bilen ýene iki sany ýaş portugal ýigidi goşduk. Portugal ýigitler Pariže barýan ekenler. Şeýlelikde, biz jemi alty sany adam bolduk, bäş sanam hyzmatkärimiz bardy. Iki sany täjir bilen portugal ýigitler pul tygşytlamak üçin iki adam bir hyzmatkär hakyna tutupdy. Men bolsam, Annadan başga-da, hyzmatkär

hökmünde bir iňlis deňizçini ýanyma aldym. Sebäbi, Anna bu ýerlere ýat bolansoň, hyzmat edenden geçen, onuň özüne bir adam gerek boljakdy.

Şeýdip, men ahyrsoňy Lissabondan ýola düşdüm.Biziň toparçamyzyň azyk-engamy üpjün, ok-ýaragy gurgundy. Bize kiçeňräk otrýad diýseň hem boljakdy. Ýoldaşlarym meniň iki sany hyzmatkärimi bardygyny we şu syýahatyň başyny başlandygymy göz öňünde tutup hem-de ýaşymy sylap, maňa kapitan diýip ýüzlenmäge başladylar.

Deňiz syýahatlarymy hetjikläp kelläňizi agyrtmaýşym ýaly, men gury ýerdäki bu ýolagçylygym barada gürrüň berip oturmakçy däl. Emma welin, şol muşakgatly we surnukdyryjy syýahatda başdan geçiren käbir wakalarymyzy gürrüň bermesem ýüregime jaý däl.

Madride baran wagtymyz, hemmämiz Ispaniýa näbelet bolanymyzsoň, ispan korolynyň köşgüne we görmäge degjek başga-da ýerlere seýran etmegiň hyýalyna mündük. Emma welin, tomus pasly paýawlap barýandygy sebäpli, gyssagymyz öz ýanymyz bilendi. Şonuň üçin-de, oktýabr aýynyň ortalarynda Madridden çykyp ýola rowana bolduk. Biz Nawarra prowinsiýasynyň bir çetinden giren mahalymyz, ýolugurdaky ençeme şähere we daglaryň Fransiýa tarapyna örän köp gar ýagandygy, birgiden ýolagçynyň dagdan aşmak üçin ençeme töwekgelçilige ýüz urup, ahyrsoňunda Pampeluna şäherine tarap dolanmaly bolandygy baradaky habary eşidip howsala düşdük.

Pampeluna şäherine baranymyzda eşiden habarymyzyň çyndygyna göz ýetirdik.Men hemişe diýen ýaly yssy klimatda, egniňe iki-ýeke eşik iltäp gezilýän ýurtlarda ýaşandygym zerarly, sowuk howa meniň tüýs duranja ýerimdi. Bary-ýogy on gün mundan ozal howasy diňe bir ýyly däl-de, eýsem tüp-yssy Köne Kastilýadan ýola düşüp, indem ur-tut Pireneý daglaryndan ýüzkessir öwüsýän, ýüzüňi-gözi ýalap gelýän aňzakly şemalyň öňünde dygdyraklamak maňa näçe diýseň ýokuş degýärdi. Şatylama sowuga çydar dagy eder ýaly däldi, asyl ýöne elimizi-aýagymyzy doňduryp alyp gelýärdi.

Anna görgüli ap-ak gara basyrynyp oturan daglara gözi düşüp, ýalaw ýaly howany endamynda duýanynda, ömrüne beýle zada duş gelmändigi sebäpli, gorkup ala-basga düşdi.

Garaz, Pampeluna şäherine gelen çakymyz, henizem boraganlapgar ýagýardy. Gar şeýle bir gazaply syraýardy welin, hemmeler gyşyň ir düşendigini gürrüň edýärdiler.

Öňdenem geçmesi kyn dag ýollary indi-hä hasambeter bolupdyr. Bir söz bilen aýdanyňda, käbir ýerlere gar şeýle bir galyň ýagypdyr welin, asyl ýörär ýaly däldi. Gar gatlaklary demirgazyk ýurtlaryndaky ýaly onçakly doňmansoň, her bir ädimde garyň içine diri gömülmek howpy bilen ýüzbe-ýüz bolman ädimiňi äder ýaly däldi. Biz, bolmady diýeniňde, ýigrimi günläp Pampelunada garaşyp ýatdyk. Men gyşyň barha beterleýändigi, şol ýyl tutuş Ýewropada henize, bu güne çenli görlüp-eşidilmedik gazaply gyş düşendigi sebäpli, howanyň düzeljek umydynyň ýokdugyna göz ýetirdim. Onsoň, öz ýoldaşlaryma Fontarabiýa portuna gitmegi we ondan aňyrlygyna Bordo şäherine çenli gämide ýüzmegi teklip etdim. Ýüzüş sähelçe wagta çekjekdi.

Ýöne, biz şu meseläni pikirlenişip ýörşümize, şähere dört sany fransuz gelip düşdi.Biziň dagyň Ispaniýa tarapynda galyşymyz ýaly, olar hem dagyň Fransiýa tarapyndan galypdyrlar ekeni. Ýöne olar bir ýolbelet tapypdyrlar. Ýolbelet olary Langedok prowinsiýasynyň ýokary çetinden geçirip, şeýle bir dag ýodalaryndan aýlap-öwrüp getiripdir welin, ýolagçylar gardan onçakly kösenmändirler. Garyň köp duş gelen ýerlerinde bolsa, buz tutan ýeriň sürçekligi atlaryň we ýolagçylaryň agramyna tap getirip biljek derejede ekeni

Biz ýolbelede habar iberdik. Ol eger özümizi ýabany ýyrtyjylardan goramaga ýeterlik ýaraglansak, onda gar howp salmaýan şol dag ýodalaryndan bizi hem äkidip biljekdigini aýtdy. Çünki, onuň gepine görä,munuň ýaly galyň gar ýagan çaklarynda dagyň eteginde selpäp ýören möjek sürüleri ýygy-ýygydan gabat gelýär ekeni. Daş-töwerek gar basyp ýatansoň, ol möjekler açlyk derdinden ýaňa guduzlana dönýärmişin. Biz ýolbelede «Sen bizi iki aýakly «möjeklerden» gorap bilseň, galan möjekleriň hötdesinden biziň özümiz geleris. Aýtmaklaryna görä, ylaýta-da, daglaryň Fransiýa tarapynda ygyp ýören «iki aýaklylaryň» biziň janymyza howp salmagy juda ähtimal» — diýdik.

Ýolbelet bizi gitjek ugrumyzda onuň ýaly howpuň ýokdugyny aýdyp, bizi köşeşdirdi. Şeýle bolansoň, biz derrew onuň yzy bilen ýola düşmeli diýen netijä geldik. Käsi fransuz, kasi ispan — ýene on iki sany adam öz hyzmatkärleri bilen bilelikde biziň kerwenimize goşuldy. Meniň eýýäm gürrüň berşim ýaly, olar şol dagdan geçip bilmän yzyna dolanan ýolagçylady.

Şeýlelikde, biz 15-nji noýabr güni ýolbelediň yzyna düşüp, Pampeluna şäherinden ýola çykdyk. Ýolbeledimiziň öňe bakan gitmän, meni haýran galdyryp, bizi Madridden gelen ýolumyz bilen göni yza tarap ýigrimi mil çemesi alyp gaýtdy. Biz iki sany derýadan aşyp, ahyrsoňy tekiz bir düzlüge baryp ýetdik. Ol ýerde howa maýyldy, daş-töwerek göwnüňi göterýärdi, hiç ýerde gar göze ilmeýärdi. Soňra, ýolbelet duýdansyz çep egnine sowlup, daga başga bir ýol bilen ýakynlaşdy. Dagyň depeleri we kert uçutlar örän eýmenç görünýän-de bolsa, ýolbelet egrem-bugram ýodajyklardan aýlap-dolap, bizi öwrüm-öwrüm ýollardan alyp gitdi. Şeýlelikde, biz hiç hili garyň kynçylygyna uçraman, dagyň belent gerşinden nädip geçenimiz hem aňşyrman galypdyrys. Ol birdenkä bize Langedok we Gaskon prowinsiýasynyň gök-parç bolup, al-elwan öwüsýän mes topraklary ýerlerini görkezdi. Ol jelegaýlar entek örän daşda, ep-esli kötel ýollaryň aňyrsynda ümezläp görünýärdi.

Şeýle-de bolsa, bir gije-gündizläp dynuwsuzgar ýagyp, düşlemäge mejur bolan wagtymyz az-kem ynjalykdan gaçdyk. Emma ýolbelet «Ýeri, darykmasaňyzlaň, ine basym bar zat gülala-güllük bolar» diýip, bizi arkaýynlaşdyrdy. Hakykatdan hem, biz her gün assa-ýuwaş eňaşak gaýdyp, dagyň demirgazyk etegine barha ýakynlaşýardyk. Şeýdip, ýolbelediň yzyna tirkeşip, gidip barýardyk.

Ýarygijä çenli iki sagada golaý wagt bardy. Ýolbeledimiz biraz öňden ýöräp, bizden arany üzeňkirläpdi. Şol wagt gür tokaýlyga sümüp gidýän gapdaldaky bir çöketlikden üç sany äpet möjek atylyp çykdy. Olaryň yzy bilenem bir aýy gelýärdi. Möjekleriň iki sanysy şolbada ýolbelediň üstüne topuldy. Eger ol bizden gaty daşlaşan bolsady, onda baryp ýetişýänçäk möjekler ony düýt-müýt edäýjek ekeni. Bir möjek ýolbelediň atyna

agyz urdy, beýlekisi bolsa, onuň özüne ala-gabyrdy bolup ýapyşdy. Möjekleriň hüjümi şeýle bir çalt bolup geçdi welin, ýolbelet pahyr sapançasyny almaga maý tapman, aljyrap uly ili bilen gygyryp, bizi kömege çagyrdy. Men ýanym bilen barýan Anna atyny çapdyryp, näme bolandygyny görmegi tabşyrydym. Anna ýolbelede gözi düşen badyna onuň özünden beter bogazyna bat berip: «Eý, jenap! Jenap!» — diýip gygyrdy. Soňra ol sapançasyny aldy-da, gaýduwsyzlyk bilen atyny öňe sürdi we ýolbelediň alkymyna baryp, möjegiň göni çat maňlaýyndan otlady.
Hernä, Annanyň dadyna ýetişmegi ol görgüli üçin gowy boldy. Munuň ýaly ýyrtyjylara öz ýurdunda juda belet bolansoň, Anna batyrlyk bilen öňe okdurylyp, möjegi kellesinden çüýläpdi. Oňa derek biziň birimiz bolan bolsady, onda ol uzak aralykdan atardy-da, möjekden degrenden geçen, ýolbeledi ýere ýazardy.
Emma bu ahwalat menden has batyr adamlaryň hem gözüni gorkuzmaga ýetikdi. Dogrudanam, Annanyň sapançasy gümpüldänsoň, iki tarapdan möjekleriň gazaply uwlaşýan seslerini eşidip, barymyzyň depe saçymyz syh-syh boldy. Uwwuldylar dagda gaýta-gaýta ýaňlanyp, hamala diýersiň, möjekleriň uly bir ordasy üstümizden gaýdan ýaly boldy. Errewde-berrewligiň arasynda möjekleriň hakyky sany şondan az bolmaly däldi. Bolsa-da, Anna hälki möjegiň läşini serensoň, ýolbelediň atynyň boýnundan aslyşyp barýan möjek awdan ellibizar geçip ýazzyny berdi. Onuň azy ýaly dişleri jylawdan ilişendigi sebäpli, at janawer onçakly ýara almandyr eken. Emma welin, ýolbelet agyr ýaralanypdyr. Guduz açana dönen möjek onuň bir-ä elinden agyz urupdyr, birem dyzynyň ýokary ýanyny çeýnäpdir. Ýolbelet biçäre başardygyndan goranan hem bolsa, Anna ýetişip, möjegi atan mahaly, ol ikibaka hyzzynlaýan atynyň üstünden tas agyp gaýdan ekeni.
Annanyň sapançasynyň sesini eşidip, badymyz gataldandygymyz öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Biz büdür-südür ýoda bilen başardygymyzdan atymyzy ýüzin salyp, näme-näme bolandygyny görmäge okduryldyk. Öňümizi ýapyp duran topbak agaçlykdan saýlanan dessimize, biz nämeleriň bolup geçendigine äşgär gördük. Anna nähili jandary öldürendiginden bihabar, ýaraly ýolbelede kömek edenbolup durdy.

## XX BAP

Emma welin, hiçbir garpyşyk Annanyň aýy bilen urşuşy ýaly gazaply we haýran galdyryjy bolan däl bolsa gerek. Birbada howpurgap, Anna bir zat bolar öýdüp, gorkan-da bolsak, soňra ol tomaşany heziller edip synladyk. Aýy diýeniň bir göwresi agyr, tagaşyksyz zat. Ol möjek ýaly ýeňil we çakgan hereket edip bilmeýär. Ýöne onuň hereketlerini ugrukdyrýan iki sany häsiýeti bolýar. Birinjisi, aýylar umuman adam awlajak bolmaýar (özleri hüjüm edäýmese, onuň adam bilen işi ýokdur. Emma, şu wagtky ýaly ýeri gar basyp, halys ajyganda onuň adamlara topulaýmasy hem bolýar.Şol gezegem şeýle bolupdy). Sen oňa azar bermeseň, ol hem saňa degmeýär. Oňa sypaýyçylyk edip, bir çete sowlup ýol bermeli, sebäbi örän salykatly jandar. Öňünden şazada-da çyksa, barmysyň diýýän däldir. Eger, hakykatdan hem, gorksaň, onda iň gowusy — ugruňy üýtgedip, ondan arany açmak bilen bolmaly. Aýdaly, hiç ýere butnaman, tiňkäňi dikip durdugyň, onda aýynyň myrryhy tutar. Barmak ýalyjak

çybyjagam bolsa, bardy-geldi bir zady oňa tarap zyňdygyň ýeňsesini tüňňerdip başlar. Onsoň, ar aljak bolup, bar zady bir ýaňa taşlar-da, söbügiňe müner. Aýynyň birinji häsiýeti-hä şeýle. Onuň ikinji häsiýeti bolsa, bir gaty göräýdigi gijesi-gündizi bilen yzyňyza düşüp, tä aryny alýança kowalar ýörer.

Hyzmatkärim Anna ýolbeledi halas edipdi, biz baryp ýeten wagtymyz ol onuň atdan düşmegine kömek edip durdy. Sebäbi gorkudan ýaňa huşy başyndan göçen ýolbelet ýaralanypdy. Biz birdenkä tokaýlykdan bir aýynyň çykyp gelýändigini gördük. Ol aýy juda mähnetdi, men hiç haçan beýle äpet aýy görmändim. Biz aljyrap elimizi-aýagymyzy ýitirdik, ýöne oňa gözü düşende Annanyň ýüzi ýagtylyp, keşbinde gaýduwsyzlyk peýda boldy. Anna üç gezek «Eý!eý! eý!» diýip gygyrdy-da, aýa tarap elini uzatdy: «Hojaýyn, maňa rugsat bersene. Onuň bilen el gysyşyp, güldürip içiňizi gyraýyn».

Men Annanyň nämä kök bolýandygyny geňirgäp: «Aý, akmak,ol seni iýäýmesin» — diýdim. Ol: «Meni iýer, meni iýer» — diýip, iki öwran gaýtalady: — «Men onuň özüni iýerin. Häzir gülüp içiňiz gyrylar. Hany, bir gyra süýşüň bakaly!». Anna aşak oturdy-da, derrew ädiklerini çykaryp, ýasy çepegini geýdi (ol öz ýurdunda geýýän ýasy çepegini jübüsinde saklaýardy). Ol atynyň jylawyny beýleki hyzmatkärime berip, el tüpeňli, ýel ýaly öňe bakan okduryldy.

Aýy agras ädimler bilen daşlaşyp barýardy we adam bilen işi ýokdy. Emma Anna onuň alkymyna dykylyp baryp, hamala gepine düşünýän ýaly, aýa hemle urdy: «Häýt, häýt. Saňa diýýän». Biz daşrakdan synlap durduk. Bu ýer dagyň Gaskon tarapynda, giň tokaýlygyň çetidi. Kä ýerde, kä ýerde topbak bolup oturan agaçlar bar diýmeseň, töwerek alaň-açyk, düzlük ýerdi.

Aýynyň söbügini sydyrdyp barýan Anna basym onuň yzyndan ýetdi we eline ullakan daş alyp, aýlap saldy. Daş aýynyň kellesine gütüläp degdi, ýöne edil diwara degen ýaly bir gapdala zyňlyp gitdi. Aýa hiç zat zat bolmady. Şeýle-de bolsa, Anna öz maksadyna ýetdi. Ol zaluwatyň gorky-ürki ýadyna düşenokdy, ýörite bizi güldürjek bolup aýyny öz üstüne topuldyrjak bolup daş zyňypdy.

Daş degen badyna aýy öwrülip ony gördi-de, ätmer-sätmer edip, öňürdikläp barýan at ýaly, haýran galdyryjy tizlik bilen Annanyň yzyndan eňdi. Anna kömek soraýan ýaly edip bize tarap gaçdy. Biz muňa gözümiz düşeninden barymyz birden ok atyp, Annany halas etmegi ýüregimize düwdük. Öz ugruna gidip barýan aýyny yzyna gaýtarany üçin men Anna örän gaharlandym. Esasanamony öjükdirip, üstümizden getirip, bir ýaňa gaçanyna janym dagyn ýandy. «Häý, köpek diýsä. Bizi güldüren bolşuňmy şu? Çaltyrak atyňa atlan-da, bir gyra sowul.Häzir biz ony atarys» — diýip gygyrdym.Anna bolsa, «Atmaň, atmaň. Gymyldamaň. Häzir sizi güldürjek» diýip janykdy. Ol şeýle bir çakgan hereket edýärdi welin, aýy bir ädim ätmänkä ol iki ädim ädýärdi. Ol bir gapdalda öz maksadyna laýyk dub agajyny gördi-de, şolbada şol agaja tarap sowuldy. Bize-de «yzymdan geliň» diýip el bulady. Ol tizligini has-da artdyryp, tüpeňini agajyň bäş-alty ýard gapdalyna taşlady-da, sen-men ýok agajyň üstüne dyrmaşdy.

Aýy basym agajyň aşagyna geldi. Biz uzakdan seredişip durduk. Aýynyň birinji eden işi tüpeňiň ýanynda saklanyp, ony ysgaşdyrmak boldy, ýöne ol oňa hiç zat etmedi.

Soňra ol şol mähnet göwresi bilen edil pişik ýaly agaja dyrmaşyp ugrady. Hyzmatkärimiň bu bolup ýörşüne men näme etjegimi bilmän durdum. Buýerde hiç hili güler ýaly zat ýokdy. Aýynyň agaja dyrmaşyp ugranyny görüp, barymyz atymyzy sürüp ýakynlaşdyk.
Biz agajyň ýanyna ýeten wagtymyz, Anna ullakan bir şahanyň ujuragyna ýetipdi, aýy bolsa şahanyň orta gürpüne çenli dyrmaşypdy. Aýy şahanyň has inçeräk ýerine ýetende, Anna bize «Ähä, indi görüň meniň aýa tans etdirişimi» diýip, bökejekläp, şahany yralamaga başlady. Aýy yraň-daraň edip, duranja ýerinde saklandy we yza dolanmagyň alajyny gözläp, arkasyna bakan garanjaklady.Biz muňa hezil edip gülüşdik. Emma, Annanyň oýny heniz gutarmandyr ekeni. Ol aýynyň butnap bilmän durşuny görüp, öňe sürünip ugrady. Hamana diýersiň, aýy iňlis diline düşünýän ýaly, «Näme duruberdiň-le? Hany gel bakaly» — diýip ýüzlendi. Anna bökjekläp, şahany yralamagyny goýansoň, aýy edil onuň diline düşünýän ýaly ýene öňe omzap başlady. Anna täzeden hallanlap, şahany yralap başlanda, aýy ýene aýakçekdi.
Onsoň biz aýyny kellesinden atmagyň tüýs wagty geldi diýip pikir etdik-de, Anna gygyryp, gymyldaman durmagy tabşyrdyk. Ýöne ol: «Ýok, haýyş edýän! Atmaň, ony özüm ataryn» — diýip özelendi. Gepiň gysgasy, Anna her hili oýunlar edip, aýynyň halys gözüni-başyny aýlady. Biz gülüşip keýpden çykdyk. Ýöne hyzmatkärimiň indi näme hokga çykarjagyny çaklap bilmeýärdik. Ilkibaşda, ol şahany yralap aýyny ýere gaçyrjak bolýandyr öýtdük, emma aýy hem ahmal galar ýaly däldi. Ol känbir öňe tarap zomap durman, ullakan penjeleri we aýaklary bilen agaçdan berk ýapyşýardy. Bu wakanyň soňunyň nähili gutarjakdygy bize näbellidi.
Emma Anna bizi güman etmekden basym saplady. Ol aýynyň şahadan pugta ýapyşýandygyny, känbir öňe süýşerli däldigini aňlap: «Ýer, bolýa-da, sen gelmeseň, özüm baraýaryn» — diýdi. Soňra ol şahanyň ujuragyna çenli süýşdi-de, aşak egilen şahadan usullyk bilen ýere böküp düşdi. Tüpeňine tarap ylgady-da, ony eline alyp dikeldi.
Men oňa: «Ýeri, Anna, indi näme etmekçi bolýaň? Näme üçin ony atmaýarsyň?» — diýip seslendim. Anna: «Ýok, ýok, entek däl. Men ony entek atmakçy däl. Sizi ýene-de güldürjek» — diýip, jogap gaýtardy. Ol hakykatdan hem şeýle etdi. Aýy öz duşmanynyň ýere düşenini görensoň, arkasyny garanjaklap, her ädimine häzirjek bolup, ýuwaş-ýuwaşdan yza bakan süýşüp başlady. Ol agajyň sütünine baryp ýetdi we ýene şol usul bilen, penjeleridir aýaklaryny ulanyp, äwmezeklik bilen agaçdan düşdi. Aýy ýaňy bir aýagyny ýere basanda, Anna bärden bardy-da, tüpeňiniň nilini onuň gulagyna diräp, mäşäni gysdy. Aýy gürpüldäp ýere ýazyldy.
Anna gülýärmikäk diýip töweregine garanjaklady, ýüzümizdäki şatlyk alamatyny görüp, ol hahahaýlap güldi. Ol «Biz öz ýurdumyzda aýylary şeýdip öldürýäris» — diýdi. Men «O nähili, sizde tüpeň ýok ahyryn» — diýdim.Anna bolsa «Tüpeň ýok, ýöne biz uzyn peýkam atyp öldürýäris» — diýip, jogap berdi.
Bu waka biziň göwnümizi açypdy, ýöne biz henizem ýalazy ýerlerden saýlanmandyk. Ýolbeledimiz agyr ýaraly bolansoň, näme etjegimizi bilmeýärdik. Möjekleriň uwlaşýan sesleri kellämde köwsarlaýardy. Ozal gürrüň berşim ýaly, Afrikanyň

kenarýakasynda eşiden aýylganç sesimi hasap etmäniňde, eşiden hiç bir zadymdan beýle gorkmandym.
Şeýlelikde, gijäniň düşüp ugramagy bizi çaltlaşmaga mejbur etdi. Anna hä diýseňä, onda ol äpet aýynyň bahasyna ýetip bolmajak hamyny sypyrjak bolup ýene-de eglenerdi. Ýöne öňümizde üç liga ýol ýatyrdy. Ýolbeledem bizi gyssaýardy. Onsoň, biz aýyny taşlap ýola düşdük.
Daglardaky ýaly çuň we howply bolmasa-da, ýer henizem gar basyp ýatyrdy. Soňra eşidişimize görä, açlykdan guduzlana dönen möjekler iýmit gözlemek üçin tokaýa we düzlüklere gelipdirler. Adamlary ahmalçylyga salyp, obalara hüjüm edip, uly weýrançylyk edipdirler. Birgiden goýundyr atlary, hatda birlän-ikilän adamy parçalap iýipdirler.
Ýolbelet ýene bir howply ýerden geçmelidigini, kaňkap ýören möjek sürüsi bar bolsa, onda olara duşmagymyzyň ähtimaldygyny aýtdy. Içinden geçip barýan ýerimiz daş-töweregini tokaý gallap oturan kiçijik düzlükdi. Gije güşlär ýaly, öňümizdäki oba ýetmek üçin şu taýdan aňyrlygyna insizje bir ýodajygy syryp gitmelidik.
Tokaýa giren wagtymyz günüň ýaşmagyna ýarym sagat bardy. Biz gün ýaşarynyň yz ýany düzlüge baryp girdik. Birinji tokaýjykda biz hiç zada duş gelmedik, emma tokaýyň içindäki çaklaňja açyklykda, dört ýüz metr çemesi aradaşlykda, bir görseň aw kowalap ýören ýaly, bir görseň-de awuň yzyny çalyp barýan ýaly, bäş sany daýaw möjegiň ýoly kesip geçenine gözümiz düşdi. Olar bize ünsem bermän az salymdan gözden sumat boldular.
Biziň tüýs ýelýürek ýolbeledimiz muny görüp, bize ägä bolmagy tabşyrdy, sebäbi bu jelegaýda has köp möjek bar bolmagy mümkindi.
Biz tüpeňlerimi ykjamlap, daşa-töwerege eserdeňlik bilen garamaga başladyk. Emma ýarym liga çemesi ýazylyp ýatantokaýdan geçip, düzlüge girýänçäk başga möjege duşmadyk. Düzlüge giren dessimize, degre-daşymyza has hüşgär seretmeli bolduk. Biziň birinji bilen üstünden baran zadymyz — möjekler tarapyndan tüýt-müýt edilip taşlanan bir atyň maslygy boldy. Maslygyň daşynda bolmady diýeniňde on-on iki sany möjek başagaý bolup ýördi. Olara et iýýär diýip boljak däldi, sebäbi at janaweriň bar etini iýip, indem süňklerini gemirýärdiler.
Olaryň şagalaňyna päsgel bermegi biz ýerliksiz gördük, olaram bize onçakly pitiwa etmedi. Anna olaryň üstüne dyzajak boldy, ýöne men oňa rugsat bermedim, çünki beýtseň öz başyňy kelkelä salmak boljakdy. Çep tarapdaky tokaýlykdan möjekleriň elhenç uwlaşýan seslerini eşiden wagtymyz, biz düzlügiň orta gürpüne hem ýetmändik. Şondan salym geçmänkä, ýüz töweregi möjekden ybarat ullakan ordanyň edil tejribeli serkerdeleriň ýolbaşçylygynda hataran nyzama düzülen atlylar ýaly bolup bize tarap ylgap gelýändigini gördük. Olara nähili gaýtawul bermelidigini bilmeýärdim.Men birek-birege jebis gysylyşyp, bir hatar bolup durmakdan başga çykalga tapyp bilmedim. Onsoň biz şol pursadyň özünde bir setir bolup düzüldik. Ok atyşlygyň arasynyň üzülmezligi üçin, men hatardakylara başaşa ok atmagy tabşyrdym. Ok atmadyklar eger möjekler saklanman hüjüme geçseler onda ara böwşeňlik salman ot açar ýaly tüpeňlerini taýýarlap durmalydy. Birinji tapgyrda ok atanlar tüpeňlerini ikilenç doldurmagyň pikirini hem etmän derrew sapançalaryny

alyp, taýýar durmalydy. Sebäbi biziň her birimizde bir tüpeň bilen iki sany sapança bardy.Şeýlelikde, şol usul boýunça biz iki tapgyr bolup, yzly-yzyna alty gezek atyp biljekdik. Emma, ol usul gerek hem bolmady, sebäbi ilkinji atyşda möjekler çabrap çykan ýalyndan we gümpüldiden erbet gorkup sakga aýak çekdiler. Olaryň dört sanysynyň kellesinden ok degen bolsa, birentegi ýaralanyp, ganyny sarkdyryp, garyň ýüzünde besse-besse yz galdyryp aňyrlygyna gaçdy. Emma süriniň esasy bölegi ýerinden butnaman durdy. Şol iki arada iň gazaply ýyrtyjylaryň hem adam sesinden gorkýandygy baradaky gürrüňler ýadyma düşdi-de, ähli ýoldaşlaryma bogazyna sygdygyndan gygyrmagy buýurdym. Ol gürrüňleriň jany bar ekeni. Biz gygyryşyp başlanymyzdan möjek sürüsi yza çekilmäge başlady. Biz wagt ýitirmän olaryň üstüne ikinji gezek ot açdyk welin, tokaýyň jümmüşine bakan ökjäni göterdiler. Şeýlelikde, bize tüpeňlerimizi täzeden oklamaga maý boldy. Gyssagymyz öz ýanymyzdan bolansoň, gaýtadan ýola düşdük.Tüpeňlerimizi ýaňy bir oklap, taýýarlanymyz hem şoldy welin, ýaňky tokaýyň çep gyrasynda elhenç gopgun-zenzele turdy. Ol gopgun biziň gidip barýan ýolumyzdan — hol aňyrlardan eşidilýärdi.
Iňrik garalyp, gije düşüp başlapdy, bu ýagdaý biziň üçin gowy däldi. Sesler güýçlendigiçe, munuň şol wagşy ýyrtyjylaryň uwlaşyp, hyňranýan sesleridigine göz ýetirdik. Birdenkä üç sany möjek sürüsi peýda boldy, biri çepimizde, beýlekisi yzymyzda we üçünji süri bolsa öňümizdedi. Çaky, olar biziň daşymyzy gaban ýalydy. Emma, şeýle-de bolsa, olar hüjüm etmänsoň, atlarymyzy ýüzin çapdyryp çapdyryp, öňe howlukdyk. Ýol örän çarkandakly bolansoň, atlar diňe uly gorgunda gidip bilýärdi. Şeýdip, biz düzlügiň aňry gyrasyndaky ikinji tokaýjygyň çetine baryp ýetdik. Ýol şol ýerde tokaýjyga girip gidýärdi. Emma ol ýerde-de birtopar möjegiň durandygyna gözümiz düşüp aljyradyk.
Birdenkä tokaýyň beýleki ujundan tüpeň sesi eşidildi. Ol tarapa seredenimizde eýerli, jylaw dakylan bir atyň ýel ýaly çapyp gelýändigini, yzyndanam on alty, on ýedi sany möjegiň okdurylyp, kowalap gelýändigini gördük. At kowguçylardan ep-esli arany açypdy, ýöne ol aralygyň ahyrsoňy ýygrylyp, möjekleriň ony tutjakdygy şübhesizdi. Ol şeýle hem boldy.
Atyň gaçyp çykan ýerine baranymyzda biz elhenç görnüşiň şaýady bolduk. Biz ganhor ýyrtyjylara ýal bolan bir at bilen iki sany adam jesediniň üstünden bardyk. Jesetleriň biri ýaňky tüpeň atanyňky bolmalydy, sebäbi onuň gapdaljygynda atylan tüpeň ýatyrdy. Onuň kellesi hem-de göwresiniň ýokarky bölegi ýokdy.
Biz bu görnüşden biçak gorkduk we haýsy ugur bilen ýörejegimizi bilmän ikirjiňlendik. Emma welin, möjekler kän wagt geçmänkä bize-de hüjüm etmäge çemelenişip, awlajak bolup degre-daşymyzy galladylar. Olaryň sany üç ýüz dagy barmyka diýýän. Bagtymyza, tokaýa girýän ýoluň biraz içiräginde, tomus wagty çapylyp, çakymça, daşamak üçin üýşürilip goýlan äpet agaçlar bar ekeni. Men öz otrýadymy derrewşol agaçlaryň arasyna ýerleşdirdim. Hemmämiz kese ýatan, uzyn bir agajyň arka tarapyna geçdik. Meniň maslahatym bilen, biz atdan agdyk we agaçlary berkitme edinip, üçburçluk ýasap goranyşa geçdik. Atlarymyzy bolsa, üçburçlugyň ortasyna saldyk.

Biziň beýdenimiz tüýs jüpüne düşüpdir. Möjekler biziň üstümize şeýle bir çozuş etdi welin, öňde-soňda şondan gazaply çozuş bolan däl bolsa gerek. Olar hyňranyşyp topuldylar we berkitme hökmünde ulanýan uzyn agajymyzyň üstüne münüşip ugradylar. Möjekleriň bu gahar-gazabynyň biziň arkamyzda duran atlara gönügendigi görnüp durdy. Men öz otrýadyma iki tapgyr bolup ot açmagy buýruk berdim, birinji atyşda şeýle bir gowy nyşana alypdyrys welin, birtopar möjek ýere serildi. Ýöne, yzyny üzmän ok atmalydy, çünki yzdan gelýän möjekler öňdäkileri basgylaşyp, edil melgun ýaly müňedekleşip gelýärdiler.

Ikinji tapgyr ot açanda möjekler bir säginen ýaly etdiler, men olar gaçyp giderler öýtdüm. Ýöne şol säginişden soň, ýene-de ylgap gaýtdylar. Biz sapançalarymyz bilen ýene iki ýola ok atdyk. Ýalňyşmaýan bolsam, şol dört atyşda on ýedi, on sekiz sany möjegi öldürip, ýene şonçaragynyhem ýaraladyk. Emma olaryň yzy gutarar ýaly däldi.

Oklarymyzyň munça çalt gutarmagyny islemeýärdim, onsoň Annany däl-de beýleki hyzmatkärimi ýanyma çagyrdym. Annany çagyrmadygymyň sebäbi,biz atyşyp başagaý bolup durkak, ol iňňän çalasynlyk bilen hem meniň, hem-de özüniň tüpeňini täzeden oklap ýetişipdi. Şonuň üçinem, aýdyşym ýaly, beýleki hyzmatkärimi çagyryp, eline bir şahgap däri tutdurdym-da, şol därini öňde ýatan agajyň üstüne ýogyn zolak ýasap, boýdan-başa guýmagyny tabşyrdym. Ol tabşyryşym ýaly edip, işi dynyp barýarka möjekler täzeden hüjüme geçip ugradylar. Birnäçe möjek agajyň üstüne böküp mündi. Şol wagt men elimdäki atylmadyk sapançany därili zolagyň bir çetine nyşanladym-da, därä ot berdim. Agajyň üstünde duran möjekler gyzyl ot bolup tutaşdy. Ýedi-sekiz sanysy bolsa, oduň zarbyndan gorkup biz tarap böküp düşdi. Biz olaryň şolbada läşini serdik. Beýleki möjekler mazaly gatlyşan garaňky howada has-da elhenç görünýän otdan gorkuşyp yza çekilişdiler. Onsoň men iň soňky okly sapançalary birden atmagy buýruk berdim. Yzyndanam uly goh tutuzyp gygyryşdyk. Möjekler guýruklaryny ýamyzlaryna gysdylar. Biz derrew bukalgadan çykyp hüjüme geçdik we ýerde urnup ýatan ýigrimi töweregi möjegiň depesinden indik. Olaryň barysyny gylyçdan geçirip taşladyk welin, netije biziň garaşyşymyz ýaly boldy. Ýaraly möjekleriň çyňsaşyp uwlaşýan seslerine düşünen bolarly, sag galan möjekler bizi taşlap, ýazzyny berdiler.

Biz çaknyşygyň başyndan aýagyna çenli jemi altmyş töweregi möjek öldürdik, eger gündiz bolan bolsady, onda olaryň ýitgisi has-da agyr bolardy. Şeýlelikde söweş meýdanyndan duşmany kowup çykaryp, biz ýaňadan ýola düşdük. Ýene-de bir liga çemesi ýol ýöremelidik. Gidip barşymyza wagşy ýyrtyjylaryň tokaýyň içinde uwlaşýan seslerini birnäçe gezek eşitdik. Kämähal olar gözümize görnen ýaly hem bolýardy, ýöne gözüňi gamaşdyrýan gardan ýaňa anyk bilip bolanokdy. Bir sagat gowrak wagtdan biz gije düşlejek şäherjigimize baryp ýetdik. Şäherde elhenç gorky höküm sürýärdi, hemmeler ýaraglanypdy. Çaky, düýn gije möjekler bilen birnäçe aýy bu ýere çozuş eden bolmalydy. Şäherjigiň adamlary gorkudan ýaňa, gije-gündiz, esasan-da gije sakçy goýup, mal-garalaryny we özlerini goraýar ekenler.

Ertesi gün irden biziň ýolbeledimiz haly juda teňleşdi. Möjegiň dişlän ýerleri, eli-aýagy güp ýaly çişipdi. Onuň ýola çykyp bilmejegi görnüp durdy. Şonuň üçinem,

bize täze ýolbelet tapmagyň ugruna çykdyk we onuň bilen Tuluza şäherine gitdik. Ol şäher maýyl howaly, mes toprakly ajaýyp ýer ekeni. Indi ne-hä gardy, ne-de möjekler. Şol zeýilli zatlardan dynypdyk. Tuluza şäherinde möjekler bilen guran söweşimizi aýdyp beren mahalymyz, adamlar bize dagyň etegindäki uly tokaýda, ylaýta-da ýerleri gar basanda onuň ýaly zatlaryň hemişe bolýan adaty wakalardygyny gürrüň berdiler. Olar munuň ýaly ýowuz howada ol ýoldan bizi näteňet ýolbelediň getirmäge ýürek edendigini, ol ýolbeledi nireden tapandygymyzy biljek bolup sorag baryny ýagdyrýardylar. Möjeklere şam bolman sag-aman galandygymyza haýran galýardylar. Atlaryň daşyna üçburçluk ýasap, özümizi goraýşymyz barada gürrüň berenimizde, adamlar bizi juda kötekglediler. Onuň ýaly ýagdaýda halas bolmak umydynyň elliden bir ähtimallykdygyny düşündirdiler. Çünki möjekleriň guduz açana dönmeginiň esasy sebäbi atlar ekeni. Olaryň bar aňy atlara giden bolmalydy, ýogsam başga wagtlar olar tüpeňden juda gorkýan ekenler. Açlykdan halys aňkalary aşyp, atlara ýetjek bolup, howp-hatary unudypdyrlar. Üznüksiz ot açyp, üstesine-de däri partladyp, üstün çykmadyk bolsak dagyn, onda olar biziň barymyzy tike-tike edäýjek ekenler. Gürrüňdeşlerimiz aslynda atyň üstünde oturyp ok atan bolsak, onda möjekleriň üsti adamly atlara golaýlamaýandygyny hem aýdyp berdiler. Juda bolmasa-da, biziň hemmämiz atlarymyzy taşlap bir ýere jemlenen bolsak, möjekler bar gahar-gazaplary bilen atlara hüjüm edip, biziňem ok-ýaragdan ýükümiz ýetik bolansoň, arkaýyn bolmagymyz mümkin ekeni.

Özüm barada aýtsam, men ömrümde howp-hatary şondaky ýaly duýmandym. Üç ýüzden gowrak aç ýyrtyjynyň agyzlaryny açyp, hyrlaşyp bizi iýmäge gelýändigini, hiç hili gaçybatalga ýokdugyny görüp, indi işimiz gaýtdy diýip pikir edipdim. Galan ömrüme dolanyp, şol daglardan geçerin öýdemok. Her hepde gaý-harasat gopjagyny bilsem-de, deňizde müňlerçe ligalyk syýahat edeniň, beýdip guryýerde ýöräniňden müň paý gowy ekeni.

Fransiýanyň içi bilen syýahat edenimde hiç hili üýtgeşik waka bolmady. Galan zatlaram beýleki ýolagçy dostlarym menden has gowy edip gürrüň berýärdiler. Men Tuluzadan Pariže gitdim, ol ýerde uzak eglenmän Kale portuna gaýtdym. Gyşyň iň aňzakly döwründe ýüzüşe çykyp, 14-nji ýanwar güni Duwr şäherine sag-aman aýak basdym.

Şeýlelikde, tükeniksiz syýahahatlarym tamam boldy we men öz ýanym bilen getiren weksellerimi nagt pula öwrüp, gysga wagtyň içinde täzelikde gazanan ähli baýlyklarymy öz elimde jemledim.

Meniň esasy ýol görkezijim we maslahatçym ýene-de şol öňki dul kempir boldy. Iberen pullaryma minnetdarlyk hökmünde, ol meniň üçin öz zähmetini, aladasyny gaýgyrmaýardy. Men islendik meselede oňa bil baglap, ähli baýlygyma serenjam bermegi ynandym. Aslynda bu dogruçyl zenanyň halal wepadarlygy meniň ýüregime örän uly ynjalyk berýärdi.

Soňra men Braziliýadaky plantasiýamy satmagy ýüregime düwdüm-de, Lissabondaky köne dostuma ýörite hat ýazdym. Ol hem plantasiýamy iki sany täjire, ýagny meniň dünýeden öten howandarlarymyň Braziliýada ýaşaýan ogullaryna teklip

edipdir. Olar teklibi kabul edip, otuz üç müň piastrlyk töleg puluny Lissabondaky tanyşlaryna ugradypdyrlar.

Kapitan dostum satmak baradaky resminamany maňa iberdi, menem oňa gol çekip yzyna ýolladym. Ol hem otuz iki müň sekiz ýüz piastry weksele öwrüp, maňa iberdi. Ol şonda özüne bagyş eden ýyllyk ýüz moýdorym bilen, ogluna bagyş eden ýyllyk elli moýdorymy tutup galypdyr. Söz berşim ýaly, olara plantasiýadan hem girdeji gelip durmalydy.

Şeýlelikde men öz başdangeçirmelerden doly ömrümiň birinji bölegini tamamladym. Ol Biribaryň dürli hikmetleri bilen bezelip geçip gidipdi. Onuň ýaly agyp-dönüp duran ykbal öň hiç kime nesip etmedik bolsa gerek. Ol ýeňilkellelik bilen başlap, ahyrynda bagtyýarlyk bilen gutarypdy we indi maňa geljek günler üçin umyt berýärdi.

Islendik adam munuň ýaly eşretli güne ýetenimden soň, elbetde men howp-hatarlara ýüz urmakdan saklanaryn öýtse gerek. Ýagdaýlar ugruna bolan bolsady, ol şeýle hem boljakdy. Emma welin, men ykmanda durmuşa öwrenişipdim, ilkibaşda ne-hä maşgalam bardy, ne-de bir ibaly dogan-garyndaşym. Baýdygyma seretmezden, känbir tanyş-biliş hem edinmändim. Braziliýadaky plantasiýamy satan-da bolsam, ol ýurdy hakydamdan çykaryp bilmeýärdim. Ganat baglap, uçup gidiberesim gelýärdi. Adajygymda aýlanyp, şol jelegaýda galdyryp gaýdan görgüli ispanlarymyň ykbaly bilen gyzyklanmak höwesim barha güýjeýärdi.

Hakyky dostuma öwrülen dul kempir meni niýetimden gaýtarjak bolup kän özelendi. Ol şeýdip, meni ýedi ýyllap ýat ýurtlara gitmekden alyp galmagy başardy. Şol döwrüň dowamynda men doganlarymyň biriniň iki sany çagasyny — jigilerimi öz ýanymda sakladym. Olaryň ulusynyň az-kem mal-mülki bardy. Men ony jentlmen edip ýetişdirdim we oňa baýlygymyň bir bölegini miras goýdum. Kiçi jigimi bir gämi kapitanynyň ýanyna kömekçi edip belledim. Bäş ýyl geçensoň, onuň pähim-paýhasly, dogumly, başarjaň ýigit bolup ýetişdi. Onsoň men oňa ajaýyp gämi berip, deňze iberdim. Soň şol ýaş ýigit indi gartaşan hem bolsam, meni deňiz syýahatlaryna alyp gitdi.

Aslynda belli bir wagt geçensoň men Angliýada ýerlemäge başlapdym.Iň esasy zat — men ahryn öýlendim. Öýlenenim kem bolmady — iki oglum bilen bir gyzym boldy. Emma, aýalym ir aradan çykdy. Şol wagtlar kiçi jigim Ispaniýa eden ýüzüşinden pul baryny gazanyp dolanyp geldi. Ol daşymda pyrlanyp ýörensoň, meniň çet ýurtlara gitmek baradaky höwesim bar zatdan üstün çykdy. Men hususy söwdagär bolup, 1694-nji ýylda Günorta-gündogar Aziýa tarap ýüzüşe ugradym.

Bu syýahatymda men adadaky täze koloniýamy görmäge bardym. Özümden soň şo taýda galan ispanlary gördüm. Olaryň we ol ýerde galdyrylan gozgalaňçylaryň ýaşaýşy baradaky gürrüňleri diňledim. Gozgalaňçylar ilkibaşda ispanlary äsgermändirler. Bular soňra bir ylalaşyp, bir sögüşip, bir birleşip, bir bölünip, garaz, iş bolupdyrlar. Ahyrsoňunda ispanlar güýç ulanypdyrlar. Gözi gorkan gozgalaňçylar basym mugyra gelipdirler. Ispanlar olar bilen deň bolman, ýene-de ylalaşykly ýaşapdyrlar. Bu ýerde bolan dürli-dürli gürrüňleri sanap otursam, olaryň hekaýasy hem bäri-bärde gutarmaz. Karib adalarynda ýaşaýan goňşy taýpalar telim gezek ada

çozuş edip, uly çaknyşyklar bolupdyr. Ispanlar adanyň tarp ýerlerini özleşdiripdirler. Bäş sany ispan goňşy ada gidip, on bir sany erkek adam bilen bäş sany aýal-gyzy ýesir edip getiripdirler. Şonuň üçinem men baran wagtym adada ýigrimi töweregi ýaş çaga bardy.

Men adada ýigrimi gün töweregi boldum. Olara ähli zerur zatlary, esasan hem, ýarag, däri, seçme, egin-eşik, abzal-gural berdim. Angliýadan alnyp gaýdylan agaç ussasy bilen demirçi ussany adada galdyrdym.

Soňra men adany olara paýlap berdim. Eýeçilik hukugy meniňki bolmak şerti bilen, her kimhalan ýerini saýlap aldy. Şeýdip, ähli işleri birlaý tertibe salanymdan soň, adany taşlap gitmejekdiklerine söz berdirip, men olara doly erkberdim.

Şondan soň men Braziliýa degip geçdim. Ol ýerde ullakan ýelkenli gämi satyn aldym we adada ýaşar ýaly ýene-de adam iberdim. Gämide ähli goş-golamlar, abzal-gurallar, olardan başga-da ýedi sany aýal meşgala bardy. Olaryň hemmesi el işine ökde, hyzmata gaýym aýal-gyzlardy. Ylalaşyp, oňşup bilseler, onda olar bilen goş birikdirmäge adadakylara rugsat beripdim. Iňlisler barada aýdanymda, eger olar ekerançylyk bilen meşgullanmakçy bolsalar, onda Angliýadan ähli gerekli zatlary we aýal-gyzlary ibermäge söz beripdim. Men şol sözümde-de durdum. Her kimiň mal-mülki, hojalygy aýra bolansoň, adamlar yhlas bilen zähmet çekip, adanyň akýürekli ýaşaýjylaryna öwrülip gitdiler. Adanyň ilatyna Braziliýadan iberen gämimde bäş sany bogaz sygyr, birnäçe goýundyr mekejin bardy. Soň bir gün ada ýolum düşende, olaryň hem köpelip, ýaýrap gidendigini gördüm.

Adanyň durmuşynda her tüýsli wakalar bolupdyr. Bir gezek ýerlileriň üç ýüz adamlyk goşuny adanyň üstüne çozup ekin meýdanlaryny weýran edipdir. Adanyň ilaty iki esse agdyklyk edýän duşmandan, ilkibaşda, ýeňlişe sezewar bolup, bir adam ýitirip, yza çekilmeli bolupdyr. Emma, okeanda aýylganç tupan turup, ýerlileri gaýyklary-zady bilen suwuň teýine iberensoň, adalylar galan-gaçan duşmanlary bir künjege gabap gyrypdyrlar. Iki-ýeke diri galanlaram açlykdan ölüpdir. Şeýlelikde, adanyň ýaşaýjylary ekin meýdanlaryny täzeden bejerip, ekerançylyga başlapdyrlar. Olar henizem asuda durmuşda ýaşap ýörler.

Bu zatlaryň ählisi, şeýle hem ondan soňky on ýylda başdan geçiren örängeň wakalarym hakda hekaýamyň indiki böleginde gürrüň bererin.

Daniel Defonyň «Robinzon Kruzo» romany Ýewropa edebiýatynyň iň meşhur eserleriniň biridir. Ol turuwbaşdan okyjylaryň söýgüli eserine öwrülipdir. Romanyň 1719-njy ýylda çap edilen birinji neşiri birnäçe günüň içinde satylyp gutarylýar, soňra bir aýdan hem az wagtyň dowamynda ýene iki gezek gaýtadan neşir edilýär. Dürli ýyllarda onuň näbelli kişiler tarapyndan biraz üýtgedilip göçürilen köpsanly nusgalarynyň, şonuň ýaly-da, ýazyjynyň özünden bidin neşirleriniň peýda bolmagy eseriň juda söýlüp okalandygynyň aýdyň mysalydyr.

Defonyň ýaşan zamanynda ýol ýazgylary görnüşinde ýazylan kitaplara isleg uly bolupdyr. Ýazyjy hem şeýle eser ýazmagy ýüregine düwýär. Ol toslap tapan syýahatlary baradaky ýazgylarynyň üstünlik gazanmagy üçin olary öz adyndan däl-de, şonuň ýaly syýahatlary, hakykatdan hem, amala aşyrmaga ukyply biriniň adyndan neşir etdirse, gowy boljagyny duýupdyr. Gämibaşy Wuds Rojersiň «1708-nji we

1711-nji ýyllaryň aralygynda dünýäniň töweregine edilen syýahat» atly eseriniň ikinji neşiri Defony ýüregine düwen işine amal etmäge gylawlandyrypdyr. Bu eseriň bir ýerinde dört ýyl dört aýlap adam-garasyz adada ýeke özi ýaşan Aleksandr Selkirkden söz açylýar. Onuň asly şotlandiýaly bolup, bir döwürde, hakykatdan hem, deňizçilik edipdir. Gämibaşy bilen sözüniň azaşandygy sebäpli Selkirki Ýuwaş ummanynda — Çiliniň golaý-goltumynda ýerleşýän adam-garasyz Huan Fernandes adasynda gämiden düşürip gidýärler. Şondan dört ýyl dört aý geçeninden soň, ony Wuds Rojers öz gämisine alyp, ýalňyzlykdan halas edýär. Aleksandr Selkirkiň egninde geçi derisinden egin-eşigi bolup, adam sypatyny ýitireňkirlän eken, hatda gürlemegi-de unudaňkyrlapdyr. Londona dolanyp gelen Selkirk uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Belli publisist Riçard Stil onuň bilen duşuşyp, özünde galan täsirleri «Angliýaly» žurnalynyň okyjylary bilen paýlaşypdyr. Daniel Defonyň hem Selkirk bilen duşuşandygy barada onçakly ygtybarly bolmadyk maglumat bar.
Özüniň edebiýat ogurlygynda günälenilmezligi üçin, Defo öz gahrymany Robinzonyň başdangeçirmelerini has irki döwür bilen (1659-1687-nji ýyllar) baglap, onuň düşen, gowy öwrenilmedik yns-jynssyz adasynyň Orinoko derýasynyň gözbaşynyň golaýynda ýerleşendigini ýazypdyr. Selkirk bolsa Huan Fernandes adasynda 1704-1709-njy ýyllarda ýaşapdyr.
«Robinzon Kruzo» romanynyň esasynda ýatan taglym ilkinji gezek arap ýazyjysy Ibn Tufaýlyň «Han ibn Iokdan» atly filosofik romanynda öz beýanyny tapypdyr. Ýazyjy bu eserini XII asyrda ýazypdyr. Roman 1671-nji ýylda Oksford uniwersitetinde latyn diline, 1708-nji ýylda bolsa iňlis diline terjime edilipdir. Maglumatlara görä, Daniel Defo şu eserden hem habarly bolupdyr.
Daniel Defonyň «Robinzon Kruzo» romany iňlis dilinden türkmen diline dolulygyna ilkinji gezek terjime edilip, okyjylara hödürlenýär.

## I bap

Men 1632-nji ýylda Ýork şäherinde, çet ýurtdan göçüp gelen gurply maşgalada dünýä indim. Kakam asly Bremenden bolup, ilkibaşda Hall şäherinde ýerleşipdir. Söwdadan uly baýlyk toplansoň, kesbini taşlap, Ýork şäherine göçüp gelipdir, şol ýerde hem öýlenipdir. Ejem şol sebitde diýseň abraýly maşgala hasap edilýän Robinzonlardan eken. Şonuň üçin maňa-da Robinzon Kroýsner diýip at dakypdyrlar, emma iňlisleriň daşary ýurt sözlerini ýoýmak edähedi sebäpli, indi bize Kruzolaryň maşgalasy diýýärler. Şodur-şodur, özümizem familiýamyzy şol görnüşde ulanýarys; tanyş-bilişlerimem maňa hemişe şeýle ýüzlenýär.
Meniň iki agam bardy, olaryň biri köneden adygan, polkownik Lokhardyň serkerdelik edýän Flandriýadaky iňlis pyýada polkunda gulluk edýärdi, podpolkownik harby çini bardy. Ol ispanlar bilen bolan Dunkerk söweşinde wepat boldy. Kakamdyr ejemiň başyma düşenlerden hiç hili habar-hatyrynyň bolmaýşy ýaly, menem ikinji doganyma näme bolanyny hiç wagt bilip bilmedim.
Maşgalada üçünji ogul bolamsoň, maňa kesp-kär öwreden bolmady, kellämde welin, dürli hyýallar at salýardy. Bireýýäm gojalan kakam maňa birneme bilim beripdi, öýde

terbiýeläpdi, şäher mekdebine gatnadypdy. Onuň menden hukukçy çykar tamasy bardy, meniň welin, deňizçi bolmakdan başga käre höwesim ýokdy. Deňze bolan höwesim zerarly kakamyň islegini hasyl etmekden, has beteri hem onuň pentlerini berjaý etmekden bütinleý ýüz öwürdim. Ejemiň özelenip şunça ýalbaranyna, dostlarymyň maslahatlaryna pisint hem etmän, başyma düşjek hasratly täleýden bihabar, öz eňegime tutdum.

Pähim-paýhasy, agraslygy bilen tapawutlanýan kakam baş goşmakçy bolýan kärim barada maňa çynlakaý, ýerlikli öwüt-ündew berýärdi. Bir gün irden meni öz otagyna — bognagyry keseli sebäpli ýarawsyz ýatan ýerine çagyryp, bu meselede maňa ýürekden ýalbar-ýakar etdi. Il-günüň arasynda abraýly ýaşap, yhlasly zähmet çekip, baýlygymy köpeldip, eşretli ýaşaýşyň hözirini görüp ýörmeli halyma, sergezdanlyga ýüz urmagyma, mähriban öýümizi, dogduk depämizi taşlap gitmegime nämäniň sebäp bolýanyny sorady. Başdangeçirmelere kowalaşyp ýat ýurtlara gidýän adamlaryň ýa-ha bialaç tuwmaýakdygyny, ýa-da adaty durmuşa kybap gelmeýän işlere ýüz urup, has uly baýlyga çapýan, meşhurlyga kowalaşýan şöhratparazdygyny aýtdy. Emma şol zeýilli zatlaryň meniň üçin ýa-ha elýetmezdigini, ýa-da gaty peslik boljagyny; ýaşaýyşdaky ornumyň ortagürp, başgaça aýdanyňda, sada durmuşyň ýokarky derejesidigini düşündirdi. Özüniň köp çarşenbäni başdan geçirip, köp zada göz ýetirişi ýaly, şol wagtky hal-ýagdaýymyzyň dünýäde iň gowusydygyny, adamzadyň bagtyna iň bir muwapygydygyny, pes gatlagyň gam-gussasyndan, kösençliklerinden, agyr zähmetinden we hupbatlaryndan daşdygyny, ýokarky gatlaklara mahsus tekepbirlik, kaşaňlyk, şöhratparazlyk we bahyllyk ýaly derdeserleriň bolsa bizde ýokdugyny ýanjap aýtdy. Şu güzeranymyzyň bagtdygyna düşünmek üçin bolsa oňa gözi gidýän adamlaryň hal-ahwalyndan çen tutmagyň ýeterlikdigini, hatda korollaryň hem beýik işler üçin dünýä inmegiň hesretini çekip dady-perýat edýänini, «Iki jähennemiň — peslik bilen beýikligiň arasyndan, orta gürpden orun berlen bolsady» diýip ahmyr çekýänini, muny hatda akyldarlaryň hem ne garyplyk, ne-de baýlyk barada dileg etmäniniň tassyklaýanyny öwran-öwran aýtdy.

Durmuşyň kynçylyklaryny ýokarky we pes gatlaklaryň paýlaşýanyny, orta gürpdäki adamlaryň paýyna bolsa, betbagtlygyň has az düşýänini hem-de olaryň begzadalar we pukaralar ýaly, keç ykbala sezewar bolmaýanyny; bir tarapdan, keýpi-sapa, kaşaňlyk, hetden-aşmalar ýa-da beýleki bir tarapdan, agyr zähmet, mätäçlik, ýaramaz, ýeter-ýetmez owkat zerarly, ýaşaýyş terzleriniň tebigy netijesi bolan agyr kesellere ýolugýan adamlara garanyňda ortahal kişileriň hatda synalarydyr janlarynyň bela-beterlerden has köp aman galýanyny; ortaça gün-güzeranyň ähli gowy zatlaryň, keýpiçaglygyň sakasydygyny; parahatlyk bilen bolçulygyň oňa hemra bolýanyny; aramlygyň, salykatlylygyň, asudalygyň, jan saglygynyň, göwnaçyklygyň, her dürli ýakymly güýmenjeleriň hem-de üýtgeşik horramlygyň şu hili ortagürp ömür sürýän adamlara mahsusdygyny, şeýle bolanda ortahal adamlaryň bu ýalançyda parahat hem-de imisala ýaşap, armansyz ötüp gidýänini, el hem akyl zähmetiniň güzabyny gerdeninde çekmeýänini, bir döwüm çörek üçin gul bazarynda satylmaýanyny, janyň aramyny, beden rahatlygyny bozýan çykgynsyz ýagdaýlardan güzap çekmeýänini,

ne-hä bahylçylygyň alawynda, ne-de şan-şöhrata höwes etmegiň közünden pynhan ýerde ýeke ýanmagyň derdi zerarly tütäp ýörmeýänini, muňa derek olaryň ýeňil şertlerde bu dünýäden muşakgatsyz geçip gidýänini, ünji-aladasyz durmuşyň hözirini görýänini, özlerini bagtly duýýanyny hem-de gündelik tejribeleri arkaly muňa has çuňňur göz ýetirmegi öwrenýänini ýeke-ýeke sanady.
Soňra bolsa, kakam oglanlyk etmezligimi, ykbalyň hem-de durmuşyň bu güne çen menden sowlup geçen agyr ýagdaýlarynyň çoçgaryna çolaşmazlygymy; bir döwüm çörege mätäç däldigimi, meniň üçin janyny aýamajagyny, dek şu wagt ündäp oturan durmuş ýoluna girmegim üçin elinden gelenini gaýgyrmajagyny; eger şonda-da işim şowlamasa ýa-da bagtym gara bolsa, onda munuň sebäpkäriniň şum täleý hem-de öz ýalňyşlygym boljagyny erjellik bilen, diýseň mähirli düşündirmäge durdy. Özüme diňe zyýany degjek telek işlere goşulmazlygymy maňa öňünden duýdurmak bilen, ol öz borjuny ýerine ýetirip, ähli jogapkärçiligi öz boýnundan aýyrdym etdi. Gepiň külesi, eger-de oňa hä diýäge-de öýde galyp, öý-işik bolup gitsem, ol maňa kömegini gaýgyrmajakdy, emma başymdan külpet inse welin, işime goşulyşmakçy däldi. Gepiniň ahyrynda kakam maňa uly doganymy mysal edip görkezdi, ony Niderland urşuna ibermejek bolup, edil meni raýymdan gaýtarjak bolşy ýaly, näler jan edipdir. Ýöne ýalbar-ýakaryň haýry bolmandyr: doganym göçgünli arzuw-hyýallar bilen goşuna gaçyp gidip, söweşde wepat bolupdyr. Meniň üçin doga-dileg etmegini hiç haçan bes etmejegini, ýüregime düwen niýetimden dänmesem welin, Ýaradanyň meni ýalkamajagyny, kakamyň pendi-nesihatyny tutmanyma ahyr bir gün ahmyr etjegimi, emma şonda, megerem, dadyma ýetişere adam tapylmajagyny aýdyp, kakam sözüni soňlady.
Özi aňmasa-da, şol soňky sözlerini welilik bilen aýdan mahaly, esasan hem, çaknyşykda wepat bolan doganymy mysal getirende, ýaňaklaryndan gözýaşynyň syrygýanyny gözüm bilen gördüm. Kakam görgüli bir gün toba gelmeli boljagymy, ýöne şonda maňa adam oglundan dalda bolmajagyny aýdan pursady bolsa, tolgunmakdan ýaňa titräp, ýüreginiň hasratdan pürepür bolanyny, ýeke agyz gürlemäge rowgatynyň galmanyny aýtdy.
Men şol gürrüňe gaty bozuldym, nalaç, mundan beýläk gaýry ýurtlara gitmek hyýalymy goýbolsun edip, kakamyň isleýşi ýaly, öý-ojak bolmagy ýüregime düwdüm. Arman, birnäçe gün geçensoň, bar zat «şertim şahyma» diýleni boldy. Gepiň tümmek ýeri, şondan birnäçe hepde geçensoň, kakam indi aýagymdan asylyşmaz ýaly, ondan gaça durmaly diýen netijä geldim. Emma indi ilkibaşdaky ýaly dyzmaçlyk etmeli däldigime düşündim, onçakly alňasamadym. Bir gün keýpi kökräkdir öýden gezegim ejemi bir gyra çekdim-de, oňa älem-jahana keşt etmegi küýümden çykaryp bilmeýänimi, şol zerarly haýsy bir işiň başyny tutsam hem, soňuna çenli sabyr-takatymyň ýetmejegini hem-de iň gowusy kakamyň meni öz razylygy bilen goýbermegini, ýogsam başymy alyp gitjegimi aýtdym. On sekiz ýaşanymy, bu ýaşdan soň, kesp-kär öwrenmegiň, aklawçynyň kätibi bolmagyň örän giçdigini hem düşündirdim. Hatda bardy-geldi kätip bolaýanymda-da öz hojaýynyma uzak hezil bermejegimiň köre-hasadygyny nygtap, synag möhleti gutarmanka, ondan gaçyp, deňze gitjegimi, ýekeje gezeklik deňiz syýahatyna goýbermäge kakamy yryp

bermegini ejemden soradym, eger syýahaty halamasam, öýe dolanyp gelemsoň, gaýdyp gitmejegimi aýtdym. Gaýdyp gelemsoň syýahata sarp eden wagtymyň iki esse öwezini doljagyma äht etdim.

Bu sözlerime ejem ör-gökden geldi, bu barada kakam bilen gürleşmegiň netije bermejegini, maňa nämäniň peýdaly boljagyny kakamyň özüniň örän gowy bilýänini, razylyk bermejegini aýtdy. Onsoňam kakamyň munça öwütlerinden, sypaýy, mähirli sözlerinden soň, henizem niýetimiň üýtgemänine ejem gaty geň galdy. Eger öz aýagymdan palta salmak isleýän bolsam, onda dagy alaç ýokdugyny, ýat ýerlerde heläk bolmagyma razy däldigini, «kakam garşy hem bolsa, ejemi-hä göwnedipdim» diýmäge hiç wagt hakymyň bolmajagyny aýtdy.

Meniň üçin kakamdan towakga etmegi boýun almadyk hem bolsa, ejemiň bu gürrüňi soň gylyny gymyldatman oňa aýdyp berenini bildim. Örän erbet ynjalykdan gaçan kakam uludan demini alypdyr-da, oňa: «Bu oglanjyk öýde galan bolsa, bagtly bolup bilerdi, alys ýurtlara gitse welin, şu dünýäde dogup-dörän iň bir biçäre mahluga öwrüler. Men muňa öz razylygymy berip biljek däl» diýipdir.

Şol wakadan bir ýyl geçip-geçmänkä, erkinlige çykdym. Şoňa çenli belli-külli bir hünäriň başyny tutmak baradaky ähli tekliplere hötjetlik bilen gulak asman gezdim, gol bulap çagyryp duran, gije-gündiz arzuw edýän durmuşyma çyr-çytyr garşy durýany üçin kakamdanam, ejemdenem öýke edýärdim. Ýöne bir gün Hall şäherine keýpine gezelenje gidenimde, gaçmak baradaky pikiriň hyýalymda-da ýok mahaly, kakasynyň gämisi bilen Londona ugrajak bolup duran bir dostum meni özi bilen bile gitmäge yrmaga başlady. Ýol üçin kör-köpügimiň çykmajagyny aýdyp, deňizçileriň tüýs hoşuna gelýän gowşak damarymdan tutdy. Ine, onsoň, kakamdanam, ejemdenem soraşman, hatda olara ýekeje agyz habar hem ibermän, «dura-bara eşidişerler» diýäge-de, ne-hä kakamyň ak patasyny alyp, ne-de maşgalamyz bolup Biribardan medet diläp, başyma düşjek ýagdaýlarada, olaryň netijelerine-de pitiwa etmän, Taňry şaýatdyr, şol bisähet gün, ýagny 1651-nji ýylyň 1-nji sentýabr güni Londona tarap barýan gämä aýak basdym. Göwnüme bolmasa, hiç bir ýaş kakabaşyň başyna düşen hupbatlar meniňki ýaly çalt gelen däldir hem-de uzaga çekmedik bolsa gerek. Gämimiz Hall derýasynyň Humberde deňze guýýan ýerinden çykan badyna, ýel öwsüp, deňiz eýmenç möwç urup başlady. Şol wagta deňiç deňze çykyp görmämsoň, halym harap bolup, ýüregime aralaşan gorky diýip-aýdar ýaly bolmady. Men telek iş edenim, kakamyň öýüni nähak taşlap gaýdanym hem-de perzentlik borjumy ýerine salmanym sebäpli Perwerdigäriň adalatly jezasynyň başymdan ineni barada çynlakaý oýlanyp ugradym. Enem-atamyň ähli öwüt-nesihatlary, kakamyň gözünden syrygan ýaş, ejemiň özelenişi gaýtadan ýadyma düşdi. Heniz gaýzykmadyk wyždanym bolsa ündew-maslahatlary äsgermezlik edenim, Biribaryň we kakamyň öňündäki borjumy bozanym üçin maňa gyjalat baryny berýärdi.

Şol barmana tupan güýjedi, deňizde mähnet tolkunlar çarp urýardy, şeýle hem bolsa bu harasat şol wagta çenli, hatda şondan birnäçe gün geçensoň görenlerime düýbünden meňzemeýärdi. Ol henize-bu güne çenli munuň ýaly zada duşmadyk ýaşajyk deňizçini haýykdyrmak üçin ýeterlikdi. Üstümize sürnüp gelýän her tolkun bizi ýuwdaýjak ýalydy. Gämi her sapar, tolkunyň aşagynda galyp, deňziň girdabyna

batarly görnende «Indi deňziň ýüzüne çykyp bilmeris» diýip pikir etdim. Gorkudan ýaňa ýüregim agzyma gelip, öz ýanymdan, eger şu syýahatymda Ýaradan maňa rehim edip, janymy halas etse, sag-aman aýagymy gaýtadan gury ýere basyp bilsem, göni kakamyň öýüne özümi atyp, galan ömrümde dagy-duwara gämä münmejegime, kakamyň diýeninden çykmajagyma, hiç haçan janymy şunuň ýaly howpa sezewar etmejegime ýetişibildigimden ant içýärdim. Kakamyň ortagürp ýaşaýyş baradaky aýdanlaryna indi düşünip ugrapdym. Ol, gör, nähili asuda, arkaýyn ömür sürüpdir, hiç haçan apy-tupanda, gämide gorkusyndan Biribary çagyrmandyr, hatda kenardaka-da kynçylyklardan gaça durup ýaşapdyr. Onuň nähili dogry ýaşanyna gözümi ýetirip, öýümden tazygyp gaçan halyma, indi puşmana gelip yzyma dolanmagy, kakamyň ýanyna, öýe gaýdyp barmagy ýüregime düwdüm.
Bu parasatly pikirlerim tupan sowulýança, hatda sowlandan soň hem esli salym dowam etdi; ýöne ertesi gün ýel ýatyp, deňiz köşeşensoň, men onuň bilen biraz öwrenişip başladym. Barybir, uzakly gün keýpsiz boldum, meniň deňiz tutmam hem o diýen aýrylmandy. Ýöne gijöýlänler howa açylyp, şemal birneme kiparlady, asuda, ajaýyp agşam çagy düşdi. Şapak ýaşanda asman kir-kimirsizdi we ertesi säher bilen Gün lowurdap dogdy. Şemal assaja öwüsýärdi, hatda öwüsmeýär diýen ýalydy, çalaja tolkun atyp ýatan endigan deňziň ýüzüne Gün şöhlesini saçyp durdy. Beýle haýran galdyryjy görnüşe tomaşa etmek maňa heniz miýesser bolmandy.
Gije mazalyja ukymy alypdym, deňiz tutmasy-da zym-zyýat bolupdy. Örän şähdaçykdym, geň galmak bilen deňzi synlaýardym. Ol dek düýn-ä uly gopgun turzup güwwüldeýärdi, bu günem köşeşip, göwnüňe ganat bagladýardy. Şol pursat hamana bu duýgularymdan dändirmek üçin diýen ýaly, meni gaýtmaga yran dostum ýanyma geldi-de, egnime kakyp: «Ýeri, Bob, düýnki harasatdan soň, özüňi nähili duýýaň? Gorkmadyk bolsaň, aýdanyňy bereýin. Düýn gije sähelçe şemal turdy diýip gorkduň gerek?» diýdi. «Sähelçe diýýäňmi? Elhenç tupan turdy ahyryn». «Tupan!? Samsyk bolma! — diýip, ol jogap berdi. — Sen, näme, şoňa-da tupan diýýäňmi? Onyň dagy nämejikmişin, gowy gämide, birem giň deňizde bolsadyk, beýle-beýle ýeljagazlara barmysyňam diýmezdik. Sen entekler deňiz görmedik-dä, Bob. Gel, hany, birje bulgur punş jyňkydaly, barysy ýadyňdan çykar gider. Howanyň hoştaplygyna seretsene!» Öz hekaýatymyň şu gaýgyly bölegini gysgaldyp aýdanymda, şondan soň biz adaty deňizçileriň bolşy ýaly boluberdik. Punş taýýar boldy, menem birnemejik içip, kellämi sämetdim. Şol gijeki meýlisimiz bilen men bar tobalarymy, öz eden etmişim baradaky ähli oý-pikirlerimi, geljegim hakdaky çözgütlerimi başymdan aýlap urdum. Gepiň keltesi, şol apy-tupandan soň deňiz ýüzüniň endigan bolşy, imisalalygyň aralaşyşy ýaly, meniň hem galagoply pikirlerim aýrylyp gitdi, deňziň tolkunlary ýuwdar diýen gorkudyr wehimlerim ýadymdan çykdy, öňki arzuwlarym yzyna dolanyp geldi, howp-hatar mahaly eden ähli ähti-peýmanlarymy-da bütinleý kellämden çykardym. Dogrusy, arasynda akylyma aýlanjak ýaly hem boldum, çynlakaý pikirler aram-aram aňyma dolanyp geljek ýaly etdi. Ýöne men olary kowýardym, has takygy, özüm olardan, hamana diýersiň, ýuwhadan gaçan dek gaçýardym, aňymy serhoşlyga, şagalaňa berip, özüm aýtmyşlaýyn, şol tutgaýlary gaýdyp gelmez ýaly edýärdim. Wyždanyndan üstün

çykmagyň kül-külüne düşen islendik ýaş ýigdiň arzuw edişi ýaly, men bäş-alty günüň içinde öz wyždanymy doly suratda ýeňlişe sezewar etdim. Emma ýene-de bir synagdan geçmeli boldum. Şunuň ýaly ýagdaýlarda hemişe bolşy ýaly, Biribar maňa bahana edere ýer goýmaýardy, çünki men bu synagy ylahy hemaýat hökmünde kabul etmesem, onda indiki synagyň barypýatan näkesiňde howuny basyp, ony aman dilemäge mejbur etjekdigi ikuçsuzdy.

Deňze çykanymyza altylanjy gün diýlende, biz Ýarmuta baryp ýetdik. Howa asuda hem bolsa, gämi garşydan öwüsýän şemaly böwsüp ýüzmeli bolansoň, biz örän az ýol geçipdik. Ýarmutda labyr taşlap, ýedi-sekiz günläp saklanmaly bolduk, gabat garşydan, ýagny günorta-günbatar tarapdan bolsa üznüksiz ýel öwüsýärdi. Birsalymdan Nýukasl şäherinden örän köp gämi geldi, sebäbi Ýarmut aýtymy gämileriň Temza derýasyna ugurdaş ýel öwüsýänçä gelip düşleýän umumy duralga ýeri bolup hyzmat edýär eken.

Şeýle-de bolsa, biz ol ýerde uzak durman, daşgynyň bady bilen derýa ýüzüp girmäge hyýallanýarkak, birden diýseň sowuk, güýçli ýel turdy, dört-bäş günden ol has-da beterine tutdy. Emma Ýarmut sebiti gämiler üçin ygtybarly duralga hasap edilýärdi, labyrymyz oňatdy, onuň urganlary-da juda mäkämdi; onsoň biziň adamlarymyz hiç howatyrlanmazdy, sähel-mähel howpy hasabam etmezdi. Olar deňizçileriň edähedi boýunça boş wagtlaryny dynç alyp, şatlyk-şagalaňda geçirdi. Ýöne sekizilenji gün irden ýel ýaňadan güýjäp ugrady, gämimiz mümkin boldugyça howpsuz durar ýaly, bogaldagyň uzaldylan böleklerini aýryp, bar zady pugta berkitmek üçin başagaý bolup ýerli-ýerden işledik. Günortanlar deňziň äpet gomlary beýgelip başlady, tolkunlar ala-güwwüldi bolup, gäminiň burun tarapyna zarp bilen urulýardy, erňekden bolsa telim ýola suw agyp geçipdi, birki gezeg-ä labyryň urgany şarpa üzülendirem öýtdük. Şondan soň gämibaşy: «Ýene-de bir labyry suwa oklaň» diýip buýruk berdi. Indi biz gämini iki sany labyr bilen saklajak bolýardyk, soňuna çenli dartylan tanaplar haçan üzülse üzüläýmelidi.

Şol wagt birden juda gazaply harasat gopdy, indi hatda tejribeli deňizçileriň ýüzünde-de gorky, aljyraňňylyk görnüp başlady. Gämini aman saklamak üçin hüşgärlik bilen işläp ýörende bolsa, öz otagyna bir girip, bir çykyp, zowzullaýan gämibaşynyň: «Eý, Biribar, özüň rehim edeweri, ýogsam, barymyz heläk bolarys! Barymyzyň tepbedimiz okalar!» diýip, assaja samyrdap ýöreni birnäçe gezek gulagyma ildi. Ilkibaşdaky gopgun-zenzele halys aňkamy aşyransoň, men basgançagyň aşagyndaky otagymda gymyldaman ýatyrdym, halym diýseň teňdi. Mese-mälim üstüni basalap, aňymdan kowjak bolan öňki tobama dolanyp gelmek maňa agyr degýärdi. Ölüm howpy sowlup gidendir, bu harasadam bolaýsa öňküçeräk bolar öýdýärdim. Ýöne ýaňky aýdyşym ýaly, gämibaşynyň hut özi duşumdan geçip barýarka, barymyzyň heläk boljagymyzy aýdanda gorkymdan ýaňa ýüregim ýarylara geldi. Men kaýutamdan çykdym-da, töwerege esewan etdim. Munuň ýaly eýmenç ahwaly ömrümde görmändim. Deňiz tolkunlary edil dag ýaly bolup beýgelýärdi-de, her üç-dört minutdan güwläp üstümizden inýärdi. Özümi dürsäp, göz aýlanymda, dumly-duşda diňe aljyraňňylygyň hököm sürýänini gördüm. Golaýymyzda labyrda duran agyr ýükli iki gäminiň ýüküni azaltjak bolup, bogaldaklaryny paltalap ýykdylar.

Adamlarymyz ýarym mil çemesi aňyrda duran bir gäminiň gark bolýanyny görüp gygyryşdy. Labyry gopan ýene-de iki gämi bolsa duralganyň aýtymyndan çykdy-da, açyk deňze tarap ýeliň ugruna gitdi, olaryň ýekeje bogaldagy hem ýokdy. Ýeňil gämileriň ýagdaýy beýlekilere garanyňda gowrakdy, deňiz olary onçakly kösäp duranokdy, emma olaryňam iki-üç sanysy diňe ýekeje ýelkenini pasyrdadyp, duşumyzdan dazlap geçäge-de, deňizde gözden gaýyp boldy.
Iňrik garalyp başlanda desçi bilen bosman alynky bogaldagy kesmäge rugsat aljak bolup, gämibaşa ýalbarmaga durdy. Ol asla göwnärli däldi, ýöne bosman eger şeýdilmese, gäminiň gark boljagyny aýdyp, öz diýenine tutup duransoň, ahyry boýun boldy. Alynky bogaldak çapylyp aýryldy welin, ortaky bogaldak hem ikibaka yraň atyp, gämini irginsiz çaýkap başlady, onsoň ony hem kesip aýyrdyk-da, palubany tep-tekiz edip goýduk.
Ýaňy-ýakyndaky sähelçe harasatdan hem şonça gorkup oturan halyma, heniz o diýen ibaly deňiz görmämsoň, men pahyryň şu iki aralykda nähili duýgulary başdan geçirenimi özüňiz biliberiň. Emma aradan şunça wagt geçensoň, şol mahal özüm barada eden pikirlerimi beýan etsem, onda men başdaky düşünjelerim, soňra bolsa olardan dänip, ilkibada pugta karar eden, küýüne düşülmän geçen etsem-petsemlerim hakda oýlanyp, şolardan ajaldan on esse beter gorkdum. Apy-tupanyň elhençlikleriniň üstesine, şol pikirler meni söz bilen beýan edip bolmajak çykgynsyz ünjä goýdy. Ýöne iň erbedi entek öňdedi. Deňiz şeýlebir güýçli möwç urýardy welin, özleriniň hem boýun almagyna görä, deňizçiler henize çenli beýle zada duş gelmändir. Gämimiz güýçlüdi, ýöne ýüküniň agyrlygyndan ýaňa, deňziň içinde oýana-buýana yraň atyp gyşarýardy, şonuň üçinem palubadakylar häli-şindi «Gä-mi gark bolýar» diýşip, alagykylyk turuzýardy. Bu ýagdaý, bir tarapdan, meniň bähbidime boldy, sebäbi men özüm soraýançam, «gark bolmak» diýip, olaryň nämäni göz öňünde tutýanyny aňşyrmandyryn. Ýöne tupan kükräp, has-da bolmajysy bolan mahaly, kän bir duş gelmeýän ahwalat boldy — gämibaşy, bosman we ýene käbirleri hemmelerden beter galpyldaşyp, doga okaýardy we islendik pursatda gäminiň deňziň düýbüne gitmegine garaşýardy. Öňki haý-haýlarymyz azlyk edýän ýaly, ýarygije çagty, oňa-muňa esewan etmek üçin trüme giren deňizçileriň biri uly ili bilen gygyryp, gäminiň böwrüniň deşilenini habar berdi, ýene biri bolsa, trümdäki suwuň eýýäm dört futa ýetenini aýtdy. Onsoň «hemmeler soruja tarap» diýen buýruk berildi. Bu sözi eşidemde, ýüregim urmasyny bes eden ýaly boldy, oturan ýerimden çiň arkan gürpüldäp gaýtdym. Bolsa-da, deňizçiler meni ýerimden galdyryp, öň derde ýaramadyk hem bolsam, indi edil beýlekiler ýaly işläp biljegimi aýtdylar, onsoň derrew sorujynyň ýanyna haýdap baraga-da, hyjuw bilen işläp başladym. Şol wagt kömür çekýän birnäçe ýeňil gämi harasada döz gelip bilmän, labyryny galdyrdy-da, açyk deňze çykmaga mejbur boldy, bize golaýlaberen pursady gämibaşy olary görüp, kyn ýagdaýdadygymyzy habar bermek üçin, top atmaga buýruk berdi. Men olaryň näme etmekçi bolýanyna düşünmän, gämi omrulandyr ýa-da başga bir bolmasy iş bolandyr öýtdüm. Garaz, gorkyma essim aýylyp ýykyldym. Her kim öz janyny halas etmegiň aladasy bilen ber-başagaý bolup ýörensoň, men hiç kimiň azaryna-da däldim, maňa näme bolany bilen gyzyklanýan hem ýokdy. Başga bir deňizçi bolsa,

eýýäm ölendirin öýtdümi-nämemi, sorujynyň başyna geçdi-de, meni aýagy bilen bir gapdala itekläp goýberdi. Huşuma gelip aýňalýançam, esli wagt geçen eken.

Biz işlemegi dowam edýärdik, ýöne trümdäki suw barha ýokary galýardy. Gäminiň gark boljagy görnüp durdy, tupan az-kem böwşeňleşip ugran hem bolsa, barybir, gämi duralgalarynyň birine baryp girýänçäk, gäminiň suwuň ýüzünde saklanyp biljegi gümanady, şonuň üçinem gämibaşy kömege çagyryp, yzyny üzmän top atdyrýardy. Ahyrsoňy, öň ýanymyzda duran ýeňil gämi bize kömek etmek üçin bir gaýyk ibermäge töwekgellik etdi. Gaýyk uly howp astynda bize ýakynlaşdy, ýöne ne-hä biz gaýyga münüp bilýärdik, ne-de gaýyk gäminiň alkymynda saklanyp bilýärdi. Gaýykdakylar bolsa biziň janymyzy halas etmek üçin özlerini howp astyna salyp, bar güýçleri bilen kürekleýärdi, biziň adamlarymyz gäminiň ýeňse tarapyndan olara tarap ujy gaňyrçakly tanap oklady-da, ony esli goýberdi. Kürekçiler uly görgä galyp, ahyrsoňy tanapyň ujundan tutdy, bizem gaýygy gäminiň ýeňsesine bakan çekäge-de, barymyz oňa mündük. Hemmämiz gaýyga münenimizden soň, indi olaryň gämisine baryp oturasy iş ýokdy, barymyz gaýygy şemalyň ugruna kürekläp, «onuň ümzügini diňe kenara tarap saklamaly» diýen ylalaşyga geldik. Gämibaşymyz kürekçilere: «Eger gaýyk kenara urlup, döwläýse, onda muzduny tölärin» diýip söz berdi. Şeýlelikde, gaýygy käte kürekläp, käte şemalyň ugruna goýberip, biz demirgazyga, Winterton-Ness tarapa, kenara gyýalap ýüzüp gitdik.

Gämiden gaýdanymyzdan çärýek sagat hem geçmänkä, onuň suwa çümüp gidenini görüp galdyk. Şonda deňizde gäminiň «gark bolmagynyň» nämedigine ilkinji gezek düşünip galdym. Deňizçiler gäminiň gark bolýanyny görüp gygyryşan wagty şol tarapa seretmäge bognum ysmady, sebäbi gaýyga özümi oklanym bäri, ýa-da, has dogrusy, ýanymdakylar meni gaýyga çekip mündüreni bäri gorkudanmy, «Başymdan ýene nämeler injekkä?» diýen howatyrdanmy, garaz, gymyldamaga ýaraman, süýnüp ýatyrdym.

Kürekçiler gaýygy kenara ýakyn eltjek bolup, haýdap kürekleýärkä, biz diňe gaýygymyzyň tolkunlaryň gerşine münen wagty, gara ýeri görüp bilýärdik. Gara başymyza gaý bolup barşymyza, kenara golaýlanymyzda, bize kömek etmek üçin kenarýakada gaýmalaşýan uly mähellä gözümiz düşdi, ýöne biz örän haýal ýol geçýärdik. Kenaryň günbatara, Kromere tarap öwrülip gidýän, şonuň üçinem harasadyň has gowşak duýulýan ýerinde duran Winterton deňiz çyragynyň deňinden geçip, zordan kenara baryp ýetdik. Köp kynçylyk çekip, ýöne herniçik-de bolsa, barymyz sag-aman kenara çykdyk. Ýarmuta barýançak pyýadalap ýöredik. Ol ýerde bizi görgüli biçäreler hökmünde uly myhmansöýerlik bilen garşy aldylar, şäher häkimiýeti bizi ýyly jaýlara ýerleşdirdi, söwdagärlerdir gämi hojaýynlary bolsa, dem-dynç alanymyzdan soň, Londona ýa-da Hall şäherine dolanyp barmagymyz üçin ýeterlik harajat berdi.

Haýp! Käşgä, şonda Hall şäherine, öýümize dolanyp barmak kelläme gelen bolsa, bagtyýar bolaýjak ekenim. Hatda münüp giden gämimiň Ýarmutyň alkymynda gark bolanyny, ýöne şondan köp wagt geçensoň, meniň sag-aman galanymy eşiden mahaly, kakam, edil Isa pygamber baradaky hekaýatdaky ýaly, begenjine semiz gölede soýardy.

Emma şum täleýim indi öňüni alyp bolmajak hötjetlik bilen maňa albaý bulaýardy. Şeýle-de bolsa, akyl-paýhasym, wyždanymyň sesi «Öýüňize dolan» diýip, ençeme gezek mese-mälim töwella etse-de, barybir, beýle etmäge gaýratym çatmady. Muňa näme diýip, näme aýtjagymy-da bilemok. Öňümizde keserip duranyny görsegem, öz heläkçiligimize bakan öz aýagymyz bilen alňasamaga bizi göz-görtele mejbur edýän hökmürowan ýazgydyň gizlin eradasynyň bardygyny ýaňzydyp hem oturmakçy däl. Gaçyp sypmagyma maý bermeýän keç ykbalymyň meni pähimli delilleriň, iň pynhan pikirlerimiň subutnamalarynyň hem-de ilkinji synanyşygymda başyma düşen şunuň ýaly aç-açan iki sany duýduryşyň tersine gitmäge mejbur eden bolmagy hem ahmal.
Maňa ilkibaşda meçew beren dostumyň — gäminiň eýesiniň oglunyň indi mendenem beter bady gaçypdyr. Herimizi şäheriň bir ýerine ýerleşdirensoňlar, biz iki-üç günden bir gezek gabatlaşyp bilýärdik. Ýarmutda ilkinji gezek oňa duş gelenimde, hörpüniň üýtgänini aňdym. Dostum gamgyn garap, çala başyny ýaýkady-da, hal-ýagdaýymy sorady. Kakasyna meniň kimdigimi aýdyp, bu syýahata ýöne bir synag hökmünde gatnaşanym, geljekde bolsa dünýä aýlanyp çykmakçydygym barada gürrüň berdi. Şonda kakasy maňa ýüzlenip, gözüni-gaşyny çytyp, nebsagyryjylyk bilen: «Ýaş ýigit, galan ömrüňe deňze çykyjy bolmagyn; başymyzdan inen bu külpetiň deňizde ýüzmeli däldigiňi aç-açan duýdurýan şübhesiz alamatdygyna düşün» diýdi.
— Näme üçin jenap? — diýdim, soňam: — Eýsem, indi sizem deňze çykmarsyňyzmy? — diýip, närazy äheňde sözümiň üstüni ýetirdim. Ol:
— Men — başga mesele — diýdi-de, sözüni dowam etdi: — Bu meniň kärim, diýmek, borjumam. Emma sen bu syýahata synag üçin çykypsyň, eger-de bir depen ýeriňi depip dursaň, onda ymtylýan zadyň üçin Biribaryň nähili şelpeli şapbat dadyrjagyny öz gözüň bilen gördüň. Ýunus pygamber Farsisiň gämisine münendäki ýaly, belkem, bu zatlaryň barysy sen sebäpli başymyzdan inendir. Haýyş edýän, päliňden gaýt — diýip sözüne dyngy berdi. Soňam gözüme dikanlap: — Sen aslynda, kim bolarsyň, näme üçin deňze ýüzmäge çykdyň? — diýip sorady.
Onsoň men oňa özüm barada az-owlak gürrüň berdim. Sözümi gutaryp-gutarmankam, ol gazap bilen alpetimden aldy-da:
— Wah, bu petigara yşarat gämime aýak basar ýaly, meniň näme ýazygym bardyka? — diýip nalady. — Müň funt berselerem, galan ömrüme eger-eger seň bilen bir gämä aýagymam sekmerin.
Elbetde, ol öz çeken ýitgisine gynanjyna we içiniň ýangynyna ýüreginde ýok zady gürleýärdi, bu gidişine has öte geçibem biljekdi. Hernä, soň köşeşip, kakamyň ýanyna dolanyp barmaga boýun etjek boldy, Ýaradanyň betbagtlyk indermeginden gaça durmagymy, bolan wakalardaky ylahy hikmetiň manysyna düşünmegimi ündedi.
— Onsoňam, ýaş ýigit! Maňa ynanaý, eger öýüňize dolanyp barmasaň, onda nirä gitseň gidiber, tä kakaň aýdan sözleri hakykata öwrülýänçä, görjegiň şumluk bilen betbagtlyk bolar — diýip, ol sözüni soňlady.
Buýtar-suýtar edip oturamsoň, biz bahym hoşlaşmak bilen bolduk, şondan soň ony gaýdyp görmedim, nirä gidenini hem bilip bilmedim. Jübimdäki pulum o diýen köp bolmansoň, kenary syryp Londona tarap ýola düşdüm. Barýarkam: «Londona baryp

ýetemsoň men haýsy ykbaly saýlamaly, öýümize gitmelimi ýa-da deňze?» diýen pikire gümra bolup, kän kelle döwdüm.
Öýe gaýdyp barmak hakda aýtsam, kelläme gelen iň ýagşy niýetlere utanç duýgusy böwet boldy, birdenkä ähli goňşularymyň üstümden güljegi, diňe bir ejem bilen kakam-a däl, eýsem, il-güne ne ýüz bilen görünjegim göz öňüme geldi durdy. Şondan bäri men adam oglunyň, hususan-da, ýaşlaryň şuňa meňzeş ýagdaýlarda ugur alýan pähim-paýhasyna bolan garaýyşlarynyň neneňsi ýerliksiz, ugur-utgasyzdygyna köp gezek göz ýetirdim, ýagny adamlar günä iş etmekden däl-de, toba etmekden utanýar. Barypýatan akmaklyk! Ýol beren etmişlerinden däl-de, puşman etmekden haýa-şerim edýärler. Aslyýetinde, puşmana gelmek, olary akylly-başly adamlaryň sanyna goşup bilýär ahbetin.
Şeýle ýagdaýda men näme etjegime, nähili ýaşajagyma düşünip bilmän, esli wagtlap gezdim. Öýe dolanyp barasym gelenokdy. Bu duýgymy ýeňip geçip bilemokdym. Onsoň öýe barman birsellem köw-söw ediberdim. Duçar bolan betbagtlyklarym kem-kemden ýadymdan çykyşýardy, munuň bilen bilelikde, öýe dolanmak baradaky ujypsyzja niýetim hem ýitip başlady, ine, ahyrsoňy, bir gün men ondan ymykly el çekdim-de, täzeden syýahata çykmak hakda arzuw edip ugradym.

## II bap

Meni ilki bilen kakamyň öýünden gaçmaga iteklän, genji-hazyna ýygnamaga bolan başbermez höwesi oýaran, köpbilmişligi aňyma guýup, ak ýürekden berlen maslahatlary, ýalbarmalary, hatda kakamyň aýdanlaryny gulagymyň ýele ýanyndan geçirden şol şum täsir, hawa, näjüre zatdygy näbelli hut şol güýç arzuw-hyýalymda köwsarlap, ahyrsoňunda meni iň bir betbagt niýete odukdyrdy: men Afrikanyň kenarýakalaryna ýa-da, deňizçiler aýtmyşlaýyn, Gwineýa barýan gämä daklyşdym.
Şol başdangeçirmeleriň hiç birinde deňizçi bolup hyzmat etmänim meniň uly betbagtlygym boldy; iň bolmanda adatdakydan biraz köpräk işlän bolsadym, deňizçiniň borçlaryny, kesp-kärini öwrenerdim we belkem, wagtyň geçmegi bilen edil gämibaşy diýmeseňem, desçi ýa-da gämibaşynyň kömekçisi bolub-a ýetişerdim. Ýöne iň erbet zady saýlap almak maňlaýyma ýazylansoň, bu gezek hem şeýle boldy. Kisäm pulluja, eginbaşym gurat bolansoň, gäminiň üstüne elmydama tüýs hojaýynsyrap çykýardym, gämi bilen işim ýokdy, hiç bir zady öwrenjegem bolmazdym.
Bagtyma Londonda örän gowy dostlara duşdum. Meniň ýaly ugruny ýitiren bibaş ýigdekçä beýle bagt hemişe ýetdirip durmaýar, sebäbi melgunlar salymyny bermän onuň daşyndan kerebini aýlap başlaýar. Mende bolsa beýle bolmady. Ilki bilen dek ýakynda Gwineýanyň kenarýakasynda bolup gelen, ol ýerde işi diýseň şowuna düşensoň, ýene-de şol ýaňa şaýyny tutup ýören bir gämibaşy bilen tanyşdym. Onuň bilen bada-bat sözümiz alyşdy gidiberdi, şol wagt keýpim hiç neneň däldi. Jahankeşdelik etmek hyýalymyň bardygyny eşidip, ol hiç hili çykdajy etmän özi bilen syýahata çykmagymy teklip etdi, onuň bilen bir kaýutada ýaşap, gürrüňdeşlik etsem bolanydy. Islesem öz ýanym bilen haryt äkidip ýerlemäge mümkinçiligim hem

boljakdy, gören peýdam tutuşlygyna maňa galjakdy, kim bilýär, belkem, bagtym çüwüp gitjekdi.

Men teklibi kabul etdim; päk ýürekli, dogruçyl gämibaşy bilen içgin dostluk açyp, onuň bilen ýüzüşe çykdyk. Ýanym bilen äkiden sähelçe harydymy göwnaçyk dostumyň — gämibaşynyň kömegi bilen ýerläp, jübimi eslije galňatdym: onuň tabşyrygy bilen kyrk funtsterlinge gol dolusy jäjek-jüýjek satyn alypdym. Şol kyrk funt-sterlingi jemlemäge hat üsti bilen habarlaşan käbir garyndaşlarym goltgy beripdi, çakym çak bolsa, olar kakamdan, bolmanda, ejemden, gününe goýman, ilkinji syýahatym üçin az-owlak ýonan bolmaly.

Şol syýahat meniň ähli başdangeçirmelerimiň arasynda şowuna düşen ýeke-täk syýahat boldy diýsem, öte geçdigim bolmaz, munuň üçin gämibaşy dostumyň dogruçyllygyna we halallygyna minnetdar bolmalydym. Mundanam başga, onuň ýolbaşçylygynda men matematika boýunça hem-de deňizde ýüzmegiň düzgünleri barada sowadymy artdyrdym, gäminiň ugrunyň hasabyny ýöretmegi, gözegçilik etmegi öwrendim, mahlasy, deňizçiniň biläýmeli zatlarynyň eslisini ele aldym. Sebäbi edil onuň maňa göwünjeňlik bilen öwredişi ýaly, men hem uly höwes bilen öwrenýärdim. Garaz, şol syýahatda men hem-ä deňizçi, hemem söwdagär boldum; şonda bäş funt dokuz unsiýa altyn külkesi bilen öýe dolanyp geldim, ony bolsa Londona baran mahalym pesinden 300 funtsterling pula öwürdim. Söwdam oňansoň, meni ahyrsoňy heläk etjek şol öňküje arzuw-hyýallarym ýene-de serimde joş urup başlady.

Aslynda, şol syýahatymda-da özüme ýetik kynçylyklar boldy; esasan hem, syrkawlykdan gözüm açylmady. Jokrama yssy zerarly güýçli tropiki ysytma tapyndym, çünki söwda edýän esasy kenarýakalarymyz demirgazyk giňişligiň 15-nji derejesi bilen ekwator aralygynda ýerleşýärdi.

Şunlukda, men Gwineýa bilen söwda etmegiň ymykly ugruna çykdym. Ýöne içiňi ýakaýyn diýen ýaly, dolanyp gelenimizden kän wagt geçmän, dostum ýagty jahan bilen hoşlaşdy. Men, barybir, syýahata çykmagy pugta ýüregime düwüpdim. Şoňa görä, bu gezek şol gämibaşynyň ozalky syýahatdaky kömekçisiniň dolandyrýan gämisine mündüm. Şol saparymyz adamzat döräli bäri iň bir gussaly syýahat boldy. Men täze ýygnan baýlyjagymyň bary-ýogy 100 funt-sterlingini ýanym bilen alypdym, galan 200 funt-sterlingi bolsa, gämibaşy dostumyň dul galan aýalyna saklamaga beripdim; ol hakymy iýjek adam däldi. Syýahat barada aýtsam, elhenç betbagtlyklara uçradym. Olaryň ilkinjisi şeýle bolup geçdi: bir gezek gämimiz Kanar adalaryna tarap ýa-da, has dogrusy, şol adalar bilen Afrika yklymynyň aralygyndan ýüzüp barýardy. Daňdanyň ümüş-tamşynda Sale şäherini mesgen tutunan türk deňiz garakçylarynyň bir gämisi bizi gapyl basdy. Ähli ýelkenlerini çişirip, aýagaldygyna yzymyzdan kowup başlady. Bizem gäminiň reýlerini[1] ýazdyrara getirip, bogaldaklaryň göterip bildiginden ululy-kiçili ýelken baryny açyşdyryp, gaçyp ugradyk. Ýöne garakçylaryň arany barha ýygyrýanyny, sanlyja sagatdan bolsa, gämileriň hökman galtaşjagyny aňlanymyzdan soň, garpyşyga taýýarlanyp başladyk.

[1] Ýelken asylýan, bogaldaga keseligine berkidilýän naw.

Gämimizde on iki, garakçylarda bolsa on sekiz top bardy. Öýlän sagat üçlerde garakçylar yzymyzdan ýetdi, ýöne niýet edişleri ýaly, gämimiziň ýeňse tarapyndan däl-de, ýalňyşyp, gapdalyndan ýanaşdy. Biz sekiz sany topy derrew şol tarapa süýräp geçirdik-de, bir zarbada ählisinden duşman gämisine ot sowurdyk. Garakçylaryň gämisi birneme ugruny üýtgeden ýaly etdi-de, toplaryny gümmürdedip, bize gaýtawul berdi. Gämidäki iki ýüze golaý garakçy bolsa, paýradyp tüpeň atdy. Ýöne olaryň oklary ýekeje adama-da degmedi. Biziňkileriň barysy mert durýardy. Garakçylar täzeden hüjüm etmäge, biz bolsa goranyşa taýýarlanýardyk. Emma bu gezek olar gämä beýleki tarapdan ýanaşyp, zabt etdi. Altmyş garakçy gämimize geçdi-de, hasyr-husur haýdaşyp, ýelkenleri, urganlary çapyşdyrmaga, kesişdirmäge başlady. Biz olara tüpeň atyp, keltejik naýzalar, därili gutular, başga-da elimize ilen zatlar bilen gaýtawul berip, iki gezek gämiden gysyp çykardyk. Ýöne hekaýatymyzyň şol gaýgyly bölegini gysgaldyp aýtsam, gäminiň ulanarlygy galmady, üç sany deňizçimiz ölüpdi, sekizisi bolsa ýaralandy. Onsoň biz nalaç boýun egmeli bolduk. Barymyzy ýesir edip, mawrlara degişli Sale deňiz duralgasyna alyp gitdiler.

Ol ýerde düşen ýagdaýym başdaky çak edişimçe bolmady, meni beýleki adamlarymyz ýaly, ýurduň jümmüşine — hökümdaryň köşgüne alyp gitmediler; ýaş, çakgan hem-de hyzmata gaýym bolamsoň, garakçylaryň gämibaşysy meni öz hususy oljasy hökmünde alyp galdy. Ýagdaýlaryň meni söwdagär halyma biçäre gula öwrüp, beýle terse üýtgemegi halys sussumy basdy; täleýimiň keç bolup, dadyma ýetişere adam tapylmajagy barada kakamyň welilik bilen aýdan sözlerini ýatlaýardym, asyl görüp otursam, şol gürrüň rast bolup çykan eken, dagy näme bolsun, Biribaryň eradasy alnymdan çykyp, bagtyma boran ýagypdy. Wah, ýöne, hekaýatymyň dowamynda belli bolşy ýaly, bujagaz düşen günüm şondan soň ýolukjak bela-beterleriň hälki bir gyrak-bujagy ekeni.

Täze eýäm, ýagny hojaýynym meni öz öýüne äkidensoň, «ol ýene-de ýüzüşe çykan wagty meni hem ýany bilen alyp gider» diýen inçe umydym bardy. Onuň iru-giç bir belaň üstünden barjagyna — ispan ýa-da portugal harby gämisine ýesir düşjegine, onsoň özümiň halas boljagyma ynanýardym. Emma bu tamam bahym puja çykdy, sebäbi hojaýynym deňze çykan wagty kiçijik bag-bakjasyna göz-gulak bolup, öýünde gullaryň edýän gara zähmeti bilen meşgullanarym ýaly, meni öýde goýup gitdi; ýüzüşden gaýdyp gelensoň bolsa, gämä esewan bolmagym üçin maňa kaýutada ýatyp-turmagy buýurdy.

Gämide bolýan wagtym diňe gaçyp gutulmak barada pikir öwürýärdim, emma oýlap tapan sapalaklarymyň hiç birisem meňki bolsun diýer ýaly däldi. Näçe ölçerip-döksem-de, kelläme akylly-başly çykalga gelmeýärdi, sebäbi baş birikdirip, bilelikde gaçar ýaly hiç kim ýokdy — ne-hä özüm ýaly gul, ne-de iňlis, irland ýa-da şotland bardy — sopbaş özümdim; ana, onsoň tutuş iki ýyllap diýen ýaly aram-aram öz ýanymdan göwün ýüwürtdim-de geziberdim. Gaçmak baradaky umydymdan doly el üzüpdim.

Ýöne iki ýyl çemesi wagt geçensoň, erkinlige çykmaga synanyşmak hakdaky şol öňki pikirimi kelläme dolap getiren bir geň waka bolup geçdi. Şonda hojaýynym adatdakydan has uzak wagtlap öýünden çykman ýatdy, gämisiniň hem şaýyny

tutmaýardy. Eşidişime görä, hojaýyn pula gaty mätäç ekeni. Onsoň ol hepdede birki gezek, howa gowy bolsa-ha iki günüň biri, gäminiň ýelkenli barkasyny alyp, deňze balyga gitmäni çykardy. Özi-de hemişe meni, birem ýaşajyk Mareskony kürekletmek üçin ýany bilen alyp gidýärdi, bizden diýseň göwni hoşdy. Men dura-bara balyk tutmaga şeýlebir ezber boldum welin, hojaýyn kämahal öz garyndaşlaryndan bir mawry hem-de şol Maresko atly oglanjygy ýanyma goşup, meni özbaşyma balyk tutmaga iberip ugrady.

Bir gezek asuda säher çagy deňze balyk tutmaga gitdik. Bir ýarym mil çemesi ýüzüp gidenimizden soň, biçak goýy ümür çöküp, biz kenary gözden ýitirdik. Onsoň nirededigimizi, haýsy tarapa barýanymyzy aňşyryp bilmän, tutuş bir gije-gündiz kürek urduk, irden jahan ýagtylanda töwerege garanjaklap, kenara bakan däl-de, açyk deňze ýüzenimizi bilip galdyk. Kenardan pesinden alty mil dagy daşlaşypdyrys. Güýçli ýel hem öwsüp başlansoň, biz güzap baryny görüp, birnäçe howp-hatardan geçip, ölümiň öýünde yzymyza dolandyk; açlykdan ýaňa halys surnugypdyk.

Bu wakadan gözi gorkan hojaýynymyz indiden beýläk seresap bolmagy ýüregine düwdi. Biziň iňlis gämimizden olja alan barkasyna arkaýynlanyp, kompassyz, azyk-suwluksyz balyk awlamaga gaýdyp çykmazlygy kada edindi. Onsoň hojaýyn öz iňlis guluna — gämi ussasyna barkasyň ortaky bölegine, edil baržadaky ýaly, kiçeňräk dessehana ýa-da kaýuta gurmagy buýurdy; dessehananyň arkasynda desi dolandyryp, grot-ştogy öwrer ýaly bir adamlyk ýer, öň tarapda bolsa, birki sany deňizçi durup, ýelkenleri dakyp-ýygnar ýaly ýerjagaz bolmalydy. Barkas üçburç ýelken bilen ýüzýärdi. Kaýutanyň üçeginiň üstünden bon-germew geçýärdi. Kaýuta pessejikdi, örän jana ýakymlydy; gämibaşynyň gapdalynda birki sany gul ýataýanda-da sygjakdy; jana şypaly içgili çüýşeler, çörek, tüwi we kofe salar ýaly şkafjyklar hem-de nahar stoly ýerbe-ýer durdy.

Biz şol barkas bilen ýygy-ýygydan balyk tutmaga gidýärdik; balyk awlamagyň mazaly abyny-tabyny alamsoň, hojaýyn hiç haçan meni ýanyndan aýyrmaýardy. Bir gün ol gezelenç üçinmi, balyk tutmak üçinmi, garaz, şol jelegaýlaryň birki sany abraýly mawry bilen bilelikde barkasly deňze çykarman boldy. Şonuň üçin, agşam düşenden ol hemişekiden has köp iýmiti we içgini barkasa iberdi. Maňa bolsa gämidäki üç sany tüpeňiň däridir seçmesini taýýar edip goýmagy buýurdy. Çakym, olar balyk tutmakdan başga deňiz guşlarynyň şikaryna-da çykmakçydy.

Men bar zady edil onuň aýdyşy ýaly taýýarladym-da, ertesi gün irden ýuwlup-ardylyp, baýdagy we şkentelleri galdyrylan, myhmanlar üçin guşuň süýdüne çenli getirilen barkasda garaşmaga başladym. Ýöne hojaýynyň ýeke özi geldi-de, myhmanlaryň gyssagly iş-aladalary çykyp, gezelenje gitmegi goýbolsun edenini aýtdy. Onsoň maňa öz garyndaşy bilen bir oglanjygy alyp, hemişe bolşy ýaly, barkasly gidip, birnemejik balyk tutup getirmegi buýurdy. Sebäbi, dostlary «agşam şamlyk edinmäge geleris» diýen eken. Hojaýyn çeňňegimize balyk düşen badyna, haýal etmän öýüne eltmegi tabşyrdy, men muňa doly taýýardym.

Şol pursat gaçmak baradaky öňki hyýallarym ýyldyrym çakan ýaly aňymdan geçdi. Indi ygtyýarymda kiçeňräjik gämi bardy ahyryn, hojaýyn gidensoň, men balyk awlamaga däl-de, deňiz syýahatyna şaýlanyp başladym; ýogsa desi haýsy tarapa

öwürmelidigi hakda bilýän zadym ýokdy, asla oňa pitiwa hem etmeýärdim — şu ýerden tizräk arany açsam bolýardy.

Ilkinji hilegärligim mawra al salyp, ony gämiden iýip-içere oduk-buduk äkelmäge yrmak boldy. Oňa hojaýynyň naz-nygmatlaryny iýmäge hakymyzyň ýokdugyny düşündirdim. Mawr bu gürrüňe «hä» diýip, uly bir sebedi dolduraga-da, guradylan külçe hem-de üç küýzäni pürepürläp agyz suwy alyp geldi. Hojaýynyň çüýşeli sandygy nirede goýýanyny bilýärdim, çüýşeleriň iňlislerden olja alnany ýüzündäki ýazgylardan görnüp durdy. Mawr kenarda gybyrdyklap ýören çagy, hamana diýersiň, hojaýyn üçin taýýarlaýan ýaly edäge-de, olaryň barysyny barkasa geçirdim. Mundan başga-da, agramy elli funt çemesi tokga ary mumy diýermiň, bir ýumak kendir sapak, palta, byçgydyr çekiç diýermiň, tapan-tupanymy barkasa daşadym. Olaryň barysy, esasan hem, mum soň bize şem ýasamaga hezil berdi. Men mawryň başyny-gözüni aýlap, oňa ýene-de bir sapalak atdym welin, sada bende muňa-da güp ynandy oturyberdi. Onuň ady Ysmaýyldy, oňa Muli ýa-da Moli diýip ýüzlenýärdiler. Menem oňa:

— Moli, hojaýynyň tüpeňleri barkasda dur. Sen gämiden az-owlak däri bilen seçme getirip bilmermisiň? Belkem, özümiz garbanar ýaly iki-üç sany guş hem awlarys, hojaýynyň därini gäminiň niresinde saklaýanyny özüm bilýän — diýdim. Ol:

— Şeý diýsene, häzir alaýarys — diýdi-de, az salymdan bir, bolmady diýeniňde, bir ýarym funt däriden, beýlekisi bolsa bäş-alty funt çemesi seçmeden, okdan doly iki sany äpet meşigi süýräp getiräýdi. Meşikleriň ikisinem ur-tut barkasa basdyk. Üstesine, hojaýynyň uly kaýutasyndanam birnemejik däri tapdym. Düýbi görnüp ugran ullakan bir çüýşedäki çakyry başga bir çüýşä sarkydyp boşatdym-da, ýaňky därini şoňa guýdum. Şeýlelikde, ähli gerek-ýaragymyzy guratlap, «niredesiň, balyk» diýip deňiz duralgasyndan saýlandyk. Onuň çykalgasynda ýerleşýän galadakylar kimdigimizi bilýärdi, onsoň bize onçakly ünsem berip durmadylar; biz bolsa bu ýerden bir mil töweregi daşlaşdyk-da, ýelkenimizi ýygnap, balyk tutmagyň ugruna çykdyk. Şemal isleýşim ýaly däl-de, demirgazykdan, demirgazyk-gündogardan öwüsýärdi. Eger ol günorta tarapdan öwüsýän bolsady, onda hökman Ispaniýanyň kenarýakasyna, juda bolmanda, Kadis diýilýän kiçiräk aýlaga çenli baryp ýeterdim; emma şemal nirä öwsäýende hem, barybir, belli-külli netijä gelipdim: şu elhenç ýerden başymy gutarmalydym, galany hem pelegiň işidi.

Birsellem balyk tutjak bolup jan etsegem, çolpymyza ilen zat bolmady, sebäbi men balyk düşen wagty, mawr görmesin diýip, çeňňegi çekmeýärdim. Ahyryn men oňa:

— Bu-la boljak däl; iki elimizi burnumyza sokup barsak, hojaýyn ýüzümizden sypamaz. Hol beýleräklere aýlanyp görsek, niçik bolarka? — diýip ýüzlendim. Mawr birjikde güman etmän ylalaşdy-da, barkasyň burnunda oturansoň, ýelkenleri pasyrdadyp açdy. Men bolsam desiň başyna geçip, barkasy ýene-de üç mil çemesi äkidip, hamala diýersiň, balyk tutjak kişi bolup saklandym. Onsoň, desi oglanjyga tutduryp, mawra tarap ýöredim. Onuň arkasynda bir zat gözlänsirän bolup aşak egildim-de, sen-men ýok, bilinden gujaklaga-da, erňekden aşyryp, deňze oklap goýberdim. Ol balyk ýaly gowy ýüzüp bilýäni üçin derrew zompuldap suwuň ýüzüne çykdy-da, uly ili bilen:

— Yzyňa düşüp, dünýäň ol ujuna gitmelem bolsa, gideýin, gaýyga mündürseň bolýa — diýip ýalbaryp başlady. Deňiz asuda bolansoň, mawr şeýlebir çalt ýüzdi welin, tas barkasyň yzyndan ýetipdi. Şol wagt men kaýuta girip, aw tüpeňleriň birini aldym-da, oňa çenedim. Şu wagta çenli menden garaw görmänini, eger-de maňa azar bermese, onda oňa zelel ýetirmejegimi aýtdym.

— Sen kenara deňeç emgenmän ýüzüp bilersiň — diýip, sözümi dowam etdim. — Deňiz asuda, kenara bakan haýda-da ýüzüber, seniň bilen işim ýok; ýöne gaýyga golaý geläýseň, edil kelläňi hoňkardaryn, sebäbi erkinlige çykmagy ýüregime berk düwendirin — diýdim. Şondan soň ol kenara tarap öwrüldi-de, ýüzmäge başlady, onuň gury ýere arkaýyn baryp ýetenine gözüm ýetip dur, çünki ol edil guwwas ýaly ýüzýärdi.

Oglanjygy deňze oklap, mawry alyp galsam hem bolardy, emma onuň ýüpüniň üstünde odun goýup boljak däldi. Mawr gidensoň, men Ksuri diýilýän oglanjyga tarap öwrülip:

— Ksuri! Eger-de maňa wepaly bolsaň, seni uly adam edip ýetişdirerin, ýöne aldamajagyň alamaty hökmünde elleriňi ýüzüňe sylmasaň (ýagny, Muhammet pygamberiň we kakasynyň ady bilen ant içmeseň), senem deňze zyňyp goýbererin — diýdim. Oglanjyk ýüzüme dikanlap ýylgyrdy-da, türkanalyk bilen, özünden arkaýyn bolup biljegimi aýtdy. Ol maňa wepaly boljagyna we meniň bilen ýeriň ol ujuna çenli gitjegine ähti-peýman etdi.

Ýüzüp barýan mawr şindi gözden ýitmäni üçin, men barkasy bilgeşleýin ýeliň ugry boýunça göni açyk deňze tarap gönükdirdim, sebäbi bizi Gibraltar bogazyna bakan gidendiris öýtjekdiler (hakykatdan hem, akyly-huşy ýerindäki adam hut şeýle pikir etjekdi). Günorta, tüýs wagşylaryň mesgenine tarap ýüzeris diýip, kimiň kellesine geler diýsene, ol ýerdäki süri-süri hebeşileriň gaýyklara atlanyp daşymyzy gabap, ikimizem çişe düzjegi ikuçsuzdy. Kenara golaýlaşdygyň, ýa-ha wagşy ýyrtyjylara şam bolmalydy, ýa-da olardan bäş beter ýabany adamlaryň girisine düşmelidi.

Emma agşam düşüp, iňrik garalyp başlansoň, kenaryň gyrasyny syryp gitmek maksady bilen, men ugrumy üýtgetdim we göni günorta tarap öwrülip, az-kem gündogara bakan sowdum. Güýçli ýel öwsüp, deňzem asuda, endigan bolansoň, biz esli ýol geçdik. Çakym çak bolsa, ertesi gün öýlänler sagat üçde ilkinji gezek gury ýere baryp ýetenimizde, biz Sale şäherinden ýüz elli mil çemesi günortadadyk, Marokko hökümdarynyň ýurdundan, hatda şol ýerdäki ähli ýurduň çäginden geçip gidipdiris, sebäbi töwerekde adam-gara göze ilmeýärdi.

Emma men mawrlardan we olaryň eline düşmek baradaky aýylganç pikirlerden şeýlebir elheder edýärdim welin, ne-hä barkasy durzup, ne kenara çykyp, ne-de labyr taşlap bilýärdim. Ugurdaş şemal üznüksiz öwsüp duransoň, men şol barşyma bäş günläp ýüzdüm. Şondan soň şemal günorta tarap ugruny üýtgetdi; «Yzymdan gämiler kowup gaýdan hem bolsa, indi olaram kowgyny bes ederçe bolandyr» diýen netijä gelip, men ahyrsoňy kenara ýanaşmaga ýürek edip, bir derýajygyň aýagynda labyr taşladym. Bu ýeriň näjüredigini, niredigini, haýsy giňişlikde ýerleşýänini, haýsy ýurda, haýsy halka degişlidigini ýa-da haýsy derýadygyny düýbünden bilmeýärdim. Töwerekde janly-jemende göze ilmeýärdi, aslynda göresimem gelip baranokdy; bize

iň esasy gerek zat süýji suwdy. Bu derýajyga gelenimizde agşam düşüpdi, biz «Garaňky gatlyşan badyna kenara çykaly we töweregi elekden geçireli» edişdik. Ýöne mazaly garaňky düşensoň, kenardan näteňet zatdygy näbelli jandarlaryň bögürişýän, arryldaşýan, uwlaşýan şeýlebir elhenç, çirkin seslerini eşitdik welin, depe saçymyz syh-syh boldy. Ýanymdaky oglanjygyň gorkudan ýaňa tas zähresi ýarylypdy. Ol meni Gün dogýança kenara goýbermejek bolup, zagyrdyklap başlady. Men:

— Ýeri bolýa-da, Ksuri — diýdim. — Beýle bolsa gitmerin, ýöne gündiz gitsek, bizi adamlaryň görmegi ahmal, şolaram biziň üçin şir-peleňden pes ýagy bolmaz.

— Biz olary tüpeň bilen tarkyldadyp atarys welin... olar zut gaçar — diýip, Ksuri jykyrdap güldi.

Ksuri gullaryň arasynda iňlisçe şunuň ýalyrak çalgyrdrak geplemäni öwrenipdi. Oglanjygyň beýle şadyýandygyna keýpim göterilip, has hem göwnüni açar ýaly oňa (hojaýynyň çüýşelerinden) bir bulgurjyk içgi hödürledim. Aslynda, Ksuriniň maslahatynyň jany bardy, onsoň menem şoňa eýerdim. Biz çaklaňja labyrymyzy suwa okladyk-da, uzakly gije jyňkymyzy çykarman ýatyberdik, ýöne gözüňe uky geläýse nädersiň; ýatanymyza ýaňy iki-üç sagat geçse geçendir-dä, birden kenardaky gumaşakda her tüýsli mähnet-mähnet jandarlar (olary nähili atlandyrjagyň hem belli däldi) gözümize kaklyşdy. Olar deňziň gyrasyna gele-gelmäşe, ala-pažžyldy bolşup, özlerini suwa urdular-da, şalpyldaşyp, bol suwda hezil edinip agynaşyp ugradylar, üstesine-de, şeýlebir myrtar, çirkin ses bilen uwlaşyp, eňreşýärdiler welin, munuň ýaly zady men-ä ömrümde eşiden däldirin.

Muny görüp, Ksuriniň huşy başyndan göçdi, dogrymy aýtsam, meňem ýagdaýym öwerlik däldi; şol barmana, ýaňky betnyşan äteňetleriň biri barkasymyza bakan ýüzüp gaýdybermezmi, ikimiziňem takga janymyz çykaýjak boldy. Seretmäge milt edip bilmesegem, şapyrdysyndan, burnunyň paşşyldysyndan çak edişimize görä, ol biçak daýaw, gazaply ýyrtyjy bolmalydy. Ksuri:

— Ýolbarsdyr — diýip sazanaklady, (wah, ýolbars bolsa ne ýagşy); soň — Labyry galdyryp, gaýygy kürekläp gaçaly — diýip şumjardy.

— Ýok, Ksuri, galtganyň tanapyny gowşadyp, deňze tarap gideli; yzymyza düşüp gelesleri ýok — diýip jogap berdim. Sözümi soňlap-soňlamankam, birdenkä iki kürek çemesi beýle ýanymdan ýüzüp gelýän şol nägehany saýgaryp, allaniçigsi boldum; ýöne derrew aýňalyp, kaýuta kürsäp urdum-da, tüpeňimi alyp, ýaňkyň çat maňlaýyndan güwledip goýberdim. Ol jandar ala-basga düşüp, haýdaşlap yzyna öwrüldi-de, şapyrdap kenara bakan eňdi.

Tüpeňiň sesi ýaňlanyp gidensoň, kenardan hem-de has aňyrlardan şeýlebir iniňi tikeneklediji sesler, elhenç arryldylar, çyňsamalar eşidildi welin, söz bilen aýdyp-diýer ýaly bolmady. Bu bolsa, maňa ol jandarlaryň henize-bu güne çenli tüpeň sesini eşitmänini çaklamaga esas berdi. Şol hadysadan soň gije kenara çykmak barada pikir edibem oturmaly däldigine göz ýetirdim, ýöne gündiziň günortany kenara barmaga täwekgellik etmegem iňkise goýýardy, sebäp diýseň, ýabany adamlaryň eline düşmek gaplaňa-şire ýal bolanyňdan ibaly boljak däldi; dogrusy, biz şol howpdanam biçak eýmenýärdik.

Ýöne herniçik-de bolsa, şu ýerden ýa-da başgarak bir ýerden hökman kenara çykaýmalydyk, sebäbi barkasda ýekeje pinta hem suw galmandy. Näwagt, nireräkden barmaly — ana, gep şondady. Ksurä küýzeleriň birini berip kenara ugratsam, suw bar bolsa, tapyp getirjegini aýtdy. Men ondan:
— Näme üçin men däl-de, sen gitmeli, gaýykda oturyberseň bolmaýamy? — diýip soranymda, oglanjyk şeýlebir ýürekdeş jogap berdi welin, tüýs göwnümden turdy:
— Ýabany adamlar iýse-de meni iýsin, sen bolsaň, gaçyp başyňy gutar.
— Ýeri bolýa-da, Ksuri — diýdim: — Ikimiz bileje ötägideris, eger ýabanylar geläýse, olary tükgerderis welin, hiç birimizem iýip bilmezler.
Soňra men oglanjyga ýürekse ediner ýaly bir bölek külçe berdim, ozal gürrüňini eden çüýşelije gutymdan hem bir bulgur çakyr hödürledim; onsoň barkasy kenaryň ýalpagrak ýerine tarap öwürdik. Ýanymyz bilen diňe ýaragymyzy hem-de iki sany suw küýzäni aldyk.
Ýabany adamlaryň gaýyklara münüp, derýanyň akymy bilen ýüzüp gelmeginden ätiýaç edip, barkasyň gara-görnüminden daşlaşasym gelmedi; emma kenardan bir mil çemesi aňyrda bir çöketligiň bardygy gözüne ilen Ksuri küýzeleri goltuklady-da, şol tarapa ýelk ýasady. Birhaýukdan soň görsem, ýaňky aldyrany bar ýaly maňa bakan ýüzin salyp gelýär. Yzyndan ýabanylar kowalaýandyr ýa-da wagşy ýyrtyja duş gelendir öýdüp, dadyna ýetişmek üçin menem oňa tarap ylgadym, ýöne oglanjyk golaýlaşan wagty, onuň egninden bir zadyň asyl-asyl bolup duranyny saýgardym. Asyl, Ksuri towşana çalym edýän, ýöne reňki üýtgeşik, aýaklary hem has uzyn bir jandary awlan eken. Ikimizem begenjimizden ýaňa ýyrş-ýyrş edýärdik. Onuň eti juda tagamly eken; emma Ksuri görgüliniň buşlajak bolup ala-basga düşeni başga zat eken — ol süýji suw tapypdyr, ýabany adamlara-da duş gelmändir.
Asyl, soň görüp otursak, süýji suw gözläp, kösenip ýörmegiň hajaty hem ýok eken, sebäbi derýajykdan ýokarlygyna biraz süsňäp girýän deňiz daşgyny gaýdansoň, biz barkasy duran ýerinden az-kem ýokary sürüp, süýji suwuň üstünden bardyk. Şonlukda, küýzelerimizi suwdan dolduryp, hälki towşanyň etinden hezil edinip şam edindik-de, bu jelegaýlarda adam yzy gabat gelmänsoň, ýola düşmäge şaýlanyp ugradyk.
Afrikanyň kenaryna ozal bir gezek gelip göremsoň, Kanar adalary bilen Ýaşyl burun adalarynyň kenardan onçakly uzak däldigini aýnada gören ýaly bilýärdim. Emma bizde haýsy giňişlikde ýerleşýänimizi kesgitlär ýaly hiç hili esbap ýokdy; şol adalaryň haýsy giňişlikde ýerleşýäni ýadyma düşäýende-de, olary nireden gözlejegimi ýa-da barkasy olara tarap öwürmek üçin haçan açyk deňze çykjagymy bilmeýärdim; ýogsam şol adalaryň käbirini ap-aňsat tapsa boljakdy. Ýöne bir umydym bardy, eger kenarýakany gyraklap, tä iňlisleriň söwda edýän sebitlerine ýetýänçäk ýüzüp gitsek, onda söwda-satyk bilen meşgullanyp ýören iňlis gämilerine duşmagymyz we olaryň bizi halas etmegi mümkindi.
Başardygymdan hasaplaýşyma görä, biziň şu wagt duran kenarýakamyz Marokko hökümdarynyň ýurdy bilen hebeşiler ýurdunyň aralygynda ýerleşýän bolmalydy. Bu ýer örän çolady, wagşy ýyrtyjylar diýäýmeseň yns-jyns görünmeýärdi. Mawrlardan gorkan hebeşiler bu ýerleri taşlap, günorta bakan, has alyslara göçüp gidipdir,

mawrlar bolsa, tozap ýatan bu çöl-beýewana gabak galdyrmandyr. Megerem, bu taýyny mesgen edinip, örňäp-ýaýrap ýören gaplaňlar, ýolbarsdyr alajagaplaňlar hem-de beýleki elhenç ýyrtyjylar zerarly adamlar bu ýerden örküni üzen bolsa gerek. Şonuň üçinem, mawrlar bu töwereklere diňe iki-üç müň adam bolup, atly-ýaragly awşikar etmäge gelýär eken. Hakykatdan-da, kenarýakadan daşlaşman ýüz mil çemesi ýüzüp giden wagtymyz, gündiz diňe haňlap ýatan boş ýerleri gördük, gije bolsa, diňe wagşy haýwanlaryň arryldaşyp, uwlaşýan seslerini eşidýärdik.

Birki gezek gündiz Kanar adalaryndaky Tenerife dagynyň iň beýik gerşi bolan Tenerife gullasy çala gözüme kaklyşan ýaly boldy. Şol tarapa sowuljak bolup, näçe jan etsemem, iki gezekde-de garşydan öwüsýän şemal maý bermedi. Batly möwç urup, owsun atýan deňiz çaklaňja gämijigime baş bererli däldi. Ahyrsoňy men başdaky niýetimi goýbolsun etdim-de, kenaryň gapdaly bilen ýüzüberdim.

Derýajykdan gaýdalymyz bäri, süýji suw almak üçin birnäçe ýola kenara çykmaly bolduk. Bir gezek irden seleň bir burnuň ýanynda labyr taşladyk. Daşgyn ýaňy başlansoň, kenara golaý barmak üçin garaşyp başladyk. Gözi has ýiti Ksuri ýuwaşjadan meni çagyryp, kenardan daşlaşsak gowy boljagyny aýtdy:

— Han-ha, seret, depede gorkunç bir ýyrtyjy arkaýyn uklap ýatyr.

Onuň görkezen ýerine seredenimde, hakykatdan-da, gorkunç bir ýyrtyja gözüm düşdi. Kenaryň ýapgydynda, üstüne abanyp duran baýry kölegeläp, äpet bir ýolbars peýwagtyna meýmiräp ýatyrdy.

— Ksuri, bar, kenara çyk-da, ony öldür — diýdim. Ksuri gözüni tegeläp:

— Hä?! Ol meni iki üzüp bir ýalmar ahyryn! — diýdi (has dogrusy, diriligime ýuwdar diýjek boldy). Men başga kelam-agyz diýmän, oňa butnaman ýatmagy tabşyrdym-da, güllesi muşketiňkä barabar iň uly tüpeňi elime aldym. Ýeterlik däri, iki sany seçmeli peşeň salyp, ony bir gapdala söýedim. Soňra ikinji tüpeňe iki sany ok saldym. Üçünjisine bolsa (bizde üç tüpeň bardy), bäş sany ownuk gülle saldym. Birinji tüpeňi ýolbarsyň kellesinden gowy nyşanaladym-da, mäşäni gysdym; ýöne ol penjesi bilen tumşugyny ýapyp ýatansoň, oklar dyzyna degdi-de, süňküni kül-owram etdi. Ýolbars tarsa turup bir arlady welin, ýer sarsyp gitdi, ýöne aýagy döwlensoň, şalkyldap ýere ýazyldy; onsoň üç aýagynyň üstüne galaga-da, eýmenç arlanda zadyň çaky bolmady. Kellesinden urup bilmänime biraz aljyran hem bolsam, hasyr-husur ikinji tüpeňe ýapyşdym-da, ýegdekläp gaçyp ugran ýolbarsy bu gezek kellesinden çüýledim. Ol tüwdürilip gitdi-de, çalaja hyňranyp bir ýaňa gyşardy we urunmaga başlady. Muny görüp, göwnühoş boldum. Şonda Ksuri birneme dogumlanyp, kenara çykarman boldy. Men: «Bolýar, gidiber» diýdim. Oglanjyk suwa bökdi-de, bir elinde kiçi tüpeňi saklap, beýleki eli bilen kenara bakan ýüzüp gitdi. Ýyrtyjynyň ýanyna baryp, tüpeňiň nilini onuň gulagyna tutaga-da, gümpüldedip goýberdi welin, ýolbars janawar ümsüm süýnäýdi.

Ýolbarsyň aw kemi ýok ekeni, ýöne etini iýip boljak däldi. Üç atymlyk därini zaýalanyma gaty haýpym geldi, ýolbarsy atmagym telek iş bolupdy. Ýöne Ksuri geregini edinmän goýjak däldi; barkasa gaýdyp gelen wagtymyz ol menden palta sorady.

— O nämä derkar boldy? — diýenimde, oglanjyk:

— Kellesini çapjak — diýip jogap gaýtardy. Ýöne ýolbarsyň kellesi eýgertmänsoň, bir penjesini çapyp, ýany bilen äkeldi. Penje biçak uly eken.
Şol iki arada, men ýolbars derisiniň irde-giçde derdimize ýaramagynyň mümkindigi barada pikir öwrüp, eger başaryp bilsem, ony soýup almaly diýen netijä geldim. Onsoň Ksuri ikimiz ýolbarsyň daşyna geçdik. Deri ýüzmekden kän bir başym çykmansoň, Ksuri maňa garanyňda juda ökde bolup çykdy. Bu iş uzakly günümizi aldy, emma ahyrsoňy derini sypyryp aldyk-da, kaýutanyň üstüne serip goýduk. Iki günüň içinde mazalyja guransoň, derini üstünde ýatmak üçin özüme düşek edindim.

## III bap

Şol düşlänimizden soň, paýawlap barýan azyk-suwlugymyzy biçak tygşytly tutup, on-on iki günläp günorta tarap ýüzüp gitdik. Kenara diňe süýji suwdan ýükümizi tutmak üçin ýanaýardyk. Maksadym Gambiýa derýasyna ýa-da Senegala, has dogrusy, Ýaşyl burnuň golaý-goltumyna bir ýerlere baryp ýetmekdi, şo taýda haýsy-da bolsa bir ýewropaly gämä duşarys diýen tamam bardy. Bu niýetim paşmasa, onda haýsy ugra ýüzjegimiz belli däldi: ýa-ha adalary agtaryp ýörmelidik, ýa-da şol ýerde hebeşileriň arasynda ardurja heläk bolup gitmelidik. Gwineýanyň kenarýakasyna, Braziliýa ýa-da Ost-Hindistan adalaryna tarap ümzük atyp barýan ýewropaly gämileriň şu burna ýa-da onuň adalaryna degip geçýänini bilýärdim. Mahlasy, tutuş ykbalymy şol adajyklara baglapdym, gämä duşsag-a bagtymyzyň geleni, ýogsam işimiz pyrrykdy.
Aýdyşym ýaly, şol niýet bilen ýene on günläp ot-elek bolup gezenimizden soň, kenarýakada adam ýaşaýany gözümize ilip başlady; ýüzüp barşymyza iki-üç ýerde dagy kenarda hümerlenişip, bize seredişýän adamlary gördük. Olaryň çyp ýalaňaç teniniň hüýt-garadygyny saýgaryp bilýärdik. Bir gezek men olaryň ýanyna, kenara ýanaşmakçy boldum, ýöne düşbüje geňeşçim Ksuri muny unaman: «Ýok, beýtme» diýdi. Emma, barybir, olar bilen söz alyşmak üçin barkasy kenara bakan sowdum, ýabanylaram kenaryň ýakasyny syryp, som-saýak bolşup, deňimize ylgaşyp ugrady. Olaryň ýaragsyzdygyna gözüm düşdi, diňe bir hebeşi elindäki uzyn, inçe taýagy somlap durdy. Ksuri onuň naýzadygyny, hebeşileriň ony gaty uzak aralyga biçak mergenlik bilen zyňyp bilýänini aýtdy; şonuň üçinem barkasy olardan sowarak sakladym-da, başardygymdan ümläp, elimi-golumy bulaýlap, gep-üýn alyşmakçy boldum, esasan hem, iýip-içmäge zat soraýanymy düşündirjek bolup, gara görgä galdym. Ýabanylaram ýerli-ýerden walalaýlaşyp, gaýygymy duruzmagymy, birneme et getirjeklerini düşündirjek bolup, ber-başagaý boldy. Men şolbada ýelkeni ýygnap, barkasy doly duruzanyma mähetdel, ýaňky zaluwatlaryň iki sanysy aňyrlygyna loňkuldap, ýüwrüp gitdi-de, ýarym sagat geçip-geçmänkä, iki bölek kakadylan et bilen şol jelegaýlaryň önümine çalym edýän birki gadak däne getirdi. Nämäň etidigini, nätüýsli dänedigini aňşyryp bilmesegem, garaz, biz olary alarman bolduk. Emma nädip aljagymyz barada welin, birsellem kelle döwmeli bolduk, sebäp diýseň, ýürek edip olaryň ýanyna, kenara ýanaşyb-a boljak däldi, ýabanylaram sähel zada tebil tapyp, ökjäni götärli görünýärdi. Ahyryn, olaryň özi hemmämiz üçin howpsuz

çykalga tapdy oturyberdi. Hebeşiler dänedir eti kenaryň ýakasynda goýaga-da, hol beýläk çekilip, heşerlenişip garaşmaga durdy. Biz azyklary barkasa alyp gaýdanymyzdan soň, olar ýene-de kenara golaý geldi.
Deregine bermäge zadymyz bolmansoň, her tüýsli el yşaratlary bilen minnetdarlygymyzy mälim etdik. Emma dek şol pursadyň özünde olaryň eden ýagşylygyny ýerine salar ýaly bir mümkinçilik döredi duruberdi. Entek labyr taşlap, kenarda durkak, birden dag tarapdan iki sany mähnet jandar biri-biriniň söbügini sydyrdyp, gazaply wagyrdaşyp, deňze bakan ok ýaly atylyp gaýtdy. Bolup gelişlerinden çen tutup, erkegi urkaçysyny kowalaýarmy, oýun-henek edişýärlermi ýa-da bir zada gaharlary geldimi, garaz, aňşyryp bilmedik. Adaty zatmy ýa-da geň-enaýy wakamy, pylan diýsem ýalançy. Ýöne, göwnüme bolmasa, bu seýrek duş gelýän hadysa bolmalydy, çünki ilki bilen-ä, bu zeýilli aç selpäp ýören ýyrtyjylar çendanýarym bolaýmasa, diňe gije-girim awa çykýar, galyberse-de, biz ýabanylaryň, esasan hem, aýal-ebtatlaryň nähili haýyganyny görüp durduk ahyryn. Ýaňky üýşüp duran mähelläniň hälki eli naýzaly pyýadadan galany, edil sülgüniň jüýjesi ýaly, saga-sola dyr-pytrak boldy. Emma ýyrtyjylar hebeşilere topuljagam bolman, ýüzugra şapyrdaşyp, özlerini suwa urdy. Bir görsem, olaryň biri ilki çaklanymdan has çakgan hereket edip, barkasa tarap gaýdyberdi. Onsoň menem ahmal galmazlyk üçin, hasyr-husur tüpeňe ok salyp, häzirlendim, Ksuräde beýleki iki tüpeňi hem oklamagy buýurdym. Ok atym aralyga mazalyja gelende «Ýa, Biribar» diýägede, ýaňkyny kellesinden jaýdar tüpeňledim welin, ol suwuň düýbüne sumat boldy-da, birdenem zompa ýokaryk çykyp, janhowluna çümüp-çykyp, kenara bakan ýöneldi. Emma ölüm howply ýarasy we deňiz suwy sebäpli aldym-berdime düşen ol ýyrtyjy kenara ýetip bilmän jan berdi.
Tüpeňimiň gümpüldisini hem-de çabrap giden ýalny görüp, ýabany görgülileriň nähili aňk-taňk bolanyny söz bilen beýan etmek mümkin däl: hatda olaryň käbiri öler ýaly gorkupdy, haýýady göçüp, duran ýerinden özüni lampa ýere goýberip, ýykyldy ýatyberdi. Ýöne ýyrtyjynyň ölüp, suwa çümüp gidenini görensoňlar, yşarat bilen «Kenara geliň» diýip duramsoň, ýabany adamlar biraz ekezlenip, kenarýaka geldi-de, ýaňky ýyrtyjyny agtarmaga başladylar. Men ony suwuň ýüzündäki ganly tegmilden çen urup tapdym-da, daşyndan tanap iltäp, tanapyň beýleki ujuny hem hebeşilere tarap okladym. Olar ur-tut ýyrtyjyny suwdan süýräp çykardylar. Ýaňky jandar endamy menek-menek, seredip doýup bolmaýan uçursyz owadan, näçe diýseň taryplap oturmaly bir alajagaplaň bolup çykdy. Hebeşiler ony näme bilen öldürenime haýranlar galyp, gollaryny göge göterdiler.
Tüpeňiň sesinden hem-de ýalpyldap giden otdan ürken beýleki ýyrtyjy bolsa onýança kenara ýumlugyp, yzyna garaman, gaçyp ummadan çykypdy; aralyk esli bolansoň onuň nätetelli jandardygyny saýgaryp bilmän galdym. Şol ikarada hebeşileriň alajagaplaňyň etini iýmekçi bolup, elewreşip ýöreni gözüme kaklyşdy, onsoň men ony taňryýalkasyn hökmünde peşgeş etmegi niýetläp, «alyberiň» diýen terzde elimi galgadanymda muňa monça boldular. Mähetdel etmän alajagaplaňyň daşyna geçdiler. Pyçaklary bolmasa-da, ujy ýiteldilen agaç bölegi bilen şakur-şukur edip, onuň derisini şeýlebir tiz sypyrdylar welin, pyçakly bolsagam, biz beýle çalt işläp biljek

däldik. Olar etiň bir ülşüni maňa hödürlediler, ýöne ony özlerine berýänimi düşündirip, hezzetden ýüz öwürdim. Derini aljak bolup, elimi-golumy bulaýlaşdyrdym welin, hebeşiler ony elleriniň ugruna barkasa tarap oklap goýberdiler. Ondan başga-da, olar hälki azyk-owkatdan ýene-de münder-münder edip äkeldiler, nähili iýmitdigine düşünip bilmesem-de, ony aldym. Soňra men ümläp, olardan suw soradym. Küýzeleriň birini uzadyp, başaşak tutdum-da, içiniň boşdugyny görkezip, süýji suwdan dolduryp bermeklerini haýyş etdim. Olar dessine gapdalynda duran kowumdaşlaryna bir zatlar diýip gygyryşdylar. Az salymdan, iki sany aýal çakymça, toýundan ýasalyp güne bişirilen äpet hum alyp geldi-de, hälki ýaly edip kenarda goýdy. Men küýzeleri Ksuriniň eline tutdurdym, ony kenara iberip, üçüsinem pürepürletdim.
Biz däne diýermiň, kösük diýermiň, süýji suw diýermiň, garaz, barkasymyzy mas ýükläp, hoşniýetli hebeşiler bilen hoşlaşdyk we ýene-de on bir günläp diňe öňe bakan ýüzüp gitdik. Kenara ýakynlaşman gidip barşymyza, ahyrsoňy dört-bäş liga çemesi öňde, deňziň içine esli süsňäp girýän bir çägesöw dilkawa gözüm düşdi. Deňiz örän asuda bolansoň, şol ýerden sowa geçmek üçin kenardan mazaly arany açyp ýüzdük. Gury ýerden iki liga çemesi aradaşlyk saklap, şol dilkawyň duşundan ötüp barýarkak, men deňiz tarapda ýene-de bir gury ýer böleginiň bardygyny aýyl-saýyl gördüm. Şondan soň dilkawyň Ýaşyl burundygy, gabat-garşydaky ýer zolagynyň bolsa, Ýaşyl burun adalarydygy barada belli-külli netijä geldim. Emma ikisi hem esli aradaşlykda bolansoň, nädenimde gowy boljagyny bilmän, halys başym çaşdy. Sebäbi batly öwüsýän şemalyň ýelginine düşäýsem, burna-da, adalara-da baryp biljegim gümanady.
Men ikigöwünli halda oýa batyp, kaýuta girip, birsalym dyzymy epdim. Şol barmana desi dolandyryp duran Ksuri birdenkä:
— Hojaýyn, gelýä, hojaýyn! Ýelkenli gämi! — diýip, çirkin-çirkin gygyryp başlady.
Deňizçiler portugalça, ispança we fransuzça ýüzlenip, kimdigimi sorady, emma ol dil leriň hiç birine hem düşünmedim. Ahyryn, gäminiň erňegine ýaplanyp duran bir şotland deňizçi maňa iňlisçeläp gygyrdy. Oňa iňlisdigimi, Sale şäherindäki mawrlaryň gulçulygyndan gaçyp gaýdanymy aýtdym, şondan soň olar göwnaçyklyk bilen bizi gämä münmäge çagyrdy. Bizem salymyny bermän, goş-golamymyz bilen gämä aýak basdyk.
Şunlukda, şeýle keçmaňlaý, bialaç ýagdaýdan aman-esen başymy gutaranyma begenjimden ýaňa guş bolup uçaýjak bolşum öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Halas edenine sylag hökmünde şol bada gämibaşa golda barymy hödürledim, emma ol menden hiç zat tamakin däldigini, gaýtam Braziliýa baran wagtymyz ähli goş-golamlarymy başbitin yzyna alyp biljegimi aýtdy. Soň bolsa şeýle diýdi:
— Men seniň janyňy diňe ýeke zat üçin halas etdim, sebäbi özüme-de şeýle edilmegini islärdim. Iru-giç şunuň ýaly ýagdaýa uçrap biljegim welin bigümana. Onsoňam öz ýurduňdan şeýle alys ýere, Braziliýa eltip, baryňy-ýoguňy eliňden süpläp alaýsam, sen o taýda açlykdan ölüp gidersiň. Ýeri, onsoň janyňy halas edenimiň näme haýry bolar?! Ýok, ýok, senýor Ingleze (jenap Iňlis), men seni

Braziliýa çenli mugt äkitjek, goş-golamyň bolsa, o ýerde günemaňy dolamaga hem-de ýurduňa gaýtmaga harç edineriňe ýapyşalga bolar.
Gämibaşy teklibinde jomart bolşy deýin, özüni alyp barşynda-da edil çöp döwen ýalydy. Deňizçilere meniň ýeke goşuma-da degmezligi buýurdy, soňra bolsa, ähli zadymy öz gözegçiligine geçirtdi-de, olaryň jikme-jik sanawyny ýazyp, elime tutdurdy. Olary, hatda üç sany toýun küýzämi hem islän wagtym yzyna alyp biljegimi aýtdy.
Barkasym barada aýtsam, ol kemsiz-köstsüz, ajaýyp gaýykdy, muny bilip duran gämibaşy ony öz gämisine satyn almakçy bolup, näçe nyrh kesýänimi sorady. Ähli babatda örän jomartlyk edenini, şondan ötri barkasa nyrh kesip oturman, şol durşuna berjegimi aýtdym. Gämibaşy Braziliýa baranymyzdan soň, barkas üçin segsen piastr tölejegi barada dilhaty berip, eger ol ýerde has ýokary baha beren tapylsa, onda şondanam köp pul teklip etjegini duýdurdy. Mundan başga-da, ol Ksuri üçin altmyş piastr hödürledi. Ony gämibaşa bermäge ýaýdanýanym üçin däl-de, eýsem başym gowgada çagy maňa wepadarlyk bilen hyzmat eden biçäräniň erkinligini pula satmaga ynsabym çatmansoň, tylla teňňeleri almaga elim barmady. Bu pikirimi aýdanymda, gämibaşy onuň adalatlydygyny ykrar edip, başgaça teklip bilen ýüzlendi. Eger oglanjyk hristian dinine girse, on ýyl geçensoň, ony gulçulykdan azat etjegi barada ähtnama bermegi teklip etdi. Muny eşidip, Ksuriniň özi hem gämibaşy bilen gitmäge göwnänsoň, ony berip goýberdim.
Biziň Braziliýa çenli ýüzüşimiz örän asuda geçdi, ýigrimi iki gün diýlende Todos-los-Santos ýa-da Ähli Keramatlylar aýlagyna baryp düşledik. Şeýlelikde, men pelegiň iňňän külpetli ýene bir ahwalatyndan janymy gutardym. Indi bolsa, näme edip, näme işlejegimiň gamyny iýmelidim.
Gämibaşynyň maňa eden ýagşylygyny hiç wagt ýadymdan çykarmaryn. Ol gämä mündüreni üçin hiç hili hak-heşdek soramady, gaýygymdaky alajagaplaň derisi üçin ýigrimi, ýolbars derisi üçin bolsa kyrk dukat töledi, gämidäki ähli goşlarymy gylyny gymyldatman yzyna gaýtaryp berdi, sataýjak zatlarymy — çüýşeli gutulary, iki sany tüpeňimi hem-de şem ýasamak zerurlygy bolmansoň, abat galan bir tokga mumy satyn aldy. Şonlukda, men goşlarymdan iki ýüz ýigrimi dukat gazandym, şol baýlygym bilenem Braziliýanyň kenaryna aýak basdym.
Şondan köp wagt geçmänkä, gämibaşy meni özi ýaly ak ýürekli bir dostunyň öýüne äkitdi, onuň ingeniosy, ýagny ekin meýdany we şeker öndürýän kärhanasy bar eken. Onuň ýanynda esli wagt ýaşap, şekerçiňrigiň ekilişi we şeker önümçiligi bilen tanyşdym. Mülkdarlaryň barjamly ýaşaýanyny, tiz gurplanýanyny göremsoň, şol ýerde ymykly ýurt tutunmak üçin ygtyýarnama edinip, mülkdar bolmagy ýüregime düwdüm. Şol bir wagtyň özünde hem Londonda goýup gaýdan pulumy almagyň alajyny agtaryp başladym. Şol maksat bilen, raýatlyk rugsatnamasyny alanymdan soň, barja pulumy döküp, ýetdiginden tarp ýer satyn aldym-da, Angliýadan gelmeli pulumdan çen tutup, ekin meýdanlarym hem-de çaklaňja mülküm üçin meýilnama düzdüm.
Wells atly lissabonly asly iňlis, bir goňşym bardy. Ol hem edil meniňki ýaly şertlerde ýaşaýardy. Oňa goňşym diýmegimiň sebäbi, onuň ekin meýdany meňki bilen

ýanaşykdy. Biz örän gowy görüşýärdik. Ikimiziňem dolanyşyk maýamyz ýabygorludy; iki ýyllap diýen ýaly ýerlerimizden alýan pulumyza zordan günümizi doladyk. Emma dura-bara toprak gurplandygyça, biziňem ýagyrnymyza ýel çalyp ugrady; onsoň üçülenji ýyl ýerleriň bir bölegine temmäki ekdik, galan esli bölegini bolsa, indiki ýyl şekerçiňrik eker ýaly, sürdük-de şüdügäre goýduk. Biziň ikimize-de kömekçi zerurdy, men Ksurini satyp, öte ýalňyşanyma indi anyk göz ýetiripdim.

Öňem-ä zireklikde tapawutlanamokdym welin, bu gezek hem mazaly ölçerip-dökmänimi geňlemelem däl. Indi öz başymy çaramakdan başga çäräm galmandy. Daş ýarýan zehinime kybap gelmeýän hem-de arzuw edýän eşretli ýaşaýşyma görnetin gapma-garşy bu hor-homsy gara zähmeti öz gerdenim bilenjik çekmeli boldum. Men dogabitdi ukyp-endiklerime asyl laýyk gelmeýän işe baş goşupdym. Kakamyň pentlerini diňlemän onuň öýüni terk edenimde arzuwlanymdan düýpgöter tapawutlanýan durmuşa razy bolmaga mejburdym. Hakykatdan-da, kakamyň maslahat berşi ýaly, ýaşaýşym ortagürp bolup barýardy, başgaça aýdylanda, güzeranym sada durmuşyň ýokarky derejesine jaýdy. Beýle bolsa, tagapyl edip, öýde oturybam ýetip biljek zadym üçin tutuş dünýäni söküp, agyr horluklar görüp ýörmegimiň näme hajaty bardyka?! Şeýdip, öz başyma hümürdäp ýörmäni çykardym. Gel-gel, boljagy şu bolsa, men bäş müň mil ýol aşyp, dünýäniň ol ujunda, ömürbaky hat-habar alşyp bolmajak şeýle alys ýerde, kese ýurtlularyň, ýabanylaryň arasynda çaňap ýatan uç-gyraksyz beýewanda kösenip ýörmänimde-de, şu günüme Angliýada öz dogan-garyndaşlarymyň, dost-ýarlarymyň arasynda hem ap-arkaýyn ýetip bilerdim ahbetin.

Başyma düşen ahwalata biçak ökünip, aňyrsyna çykyp bilmeýärdim. Çendanýarym goňşymy görýän diýmeseň, iç döküşip, derdiňi egser ýaly hiç kim ýokdy. Her bir işde öz gara zähmetim bilen mydar edýärdim; özüm aýtmyşlaýyn, iňlär siňeksiz, janly-jemendesiz çolaja bir ada düşüp, indem alakjap ýören düňle diwana mysalydym. Soň meni, dogrudan-da, ilatsyz bir ada taşlan täleýim maňa adalatly jeza beripdi we biziň her birimiz ýagdaýymyzy has erbet ahwallar bilen deňeşdirip, täleýiň her pursatda bizi kyn ýagdaýa salyp, öň örän bagtly bolanymyzy görkezip biljegi barada oýlansak gowy bolýardy. Hawa, hut şol kysmat meniňem maňlaýymdan çykdy. Adam aýagy ýetmejek, çolaryp ýatan gum-guk adada bir özüm somalyp galan dek, mesligime çydaman, iki günüň biri nähak zeýrenip oturman, gaýtam, hojalyk işlerimi şol wagtkysy ýaly dolandyrmagy dowam eden bolsadym, gürrüňsiz, depseň yranmajak baýlyk toplap, eşretli ýaşaýşyň sapaly döwranyna maýyl bolup, messan gezip ýaşardym.

Ekin-dikin bilen bagly işleri birneme ugrukdyryp, tertibe salan mahalym, halasgärim — gadyrdan gämibaşy dostum ýüküni jemlemek üçin Braziliýada üç aýa golaý eglenensoň, bahym Portugaliýa tarap ýüzüşe çykjagy barada maňa habar iberdi. Men oňa Londonda az-kem pul goýup gaýdanymy gürrüň berdim. Şonda gämibaşy ak ýürekden dostlukly maslahat berdi:

— Senýor Ingleze (ol maňa hemişe şeýle ýüzlenýärdi) — diýip, ol söze başlady — maňa bir-ä resmi ygtyýarnama, birem Londondaky şol dul aýala puluňy Lissabona, meniň aýtjak adamlaryma ibermegini sargap, öz dilhatyňy ýazyp berseň, Biribar

ugruna etse, men bärde hyrydary köp boljak dürli-dümen geçginli iňlis harytlaryndan gämä basyp, gaýdyşyn elin getirip bereýin. Ýöne, pelek işidir, bardy-geldi, heläkçilige uçraýsam, ahmal bolmaz ýaly, birbada puluň ýarysyny, ýagny ýüz funt-sterlingi terezä goýaly. Eger şoňa düşen harytlary abatja getirip bilsem, onda galan puluňy hem indiki gezek şeýdip äkeläýerin. Aýdaly, şu gezek bolmasy bir iş bolaýsa hem, galan puluňy alyp galdygyň bolar.

Bu maslahat ýüregime jüňk boldy. Şundan gowy pikir özümiňem kelläme geljek däldi. Onsoň pul goýup gaýdan dul hanyma gowşurar ýaly, ähli hat-petegi we ygtyýarnamany edil aýdyşy ýaly taýýarlap, portugal gämibaşa eltip berdim.

Iňlis gämibaşynyň dul aýalyna ähli başdangeçirmelerim — gulçulyga düşüşim, gaçyp gaýdyşym, deňizde portugal gämibaşa duş gelşim barada, onuň ajaýyp adamkärçiligi hem-de şu wagtky hojalyk işlerim hakda bolşy-bolşy ýaly gürrüň berip hat ýazdym. Pulumyň deň ýarysyny Lissabondaky salga ibermegini hem haýyş etdim. Gämibaşy dostum Lissabona baran wagty, birnäçe iňlis täjire gabat gelipdir-de, şolardan hem-ä hatymy iberipdir, hemem meniň tutuş hekaýatymy Londonda ýaşaýan bir söwdagäre ýetirmeklerini haýyş edipdir. Ol söwdagär bolsa hatymy dul zenana elin gowşurypdyr-da, başymdan geçen günleri oňa birin-birin gürrüň edipdir. Dul zenan pul-a bir iberipdir, üstesine, hakyny öz jübüsinden töläp, portugal gämibaşa adamkärçiligi we maňa eden ýagşylygy üçin biçak owadan serpaý hem ýollapdyr.

Londonly söwdagär şol ýüz funt-sterlinge gämibaşynyň ýazyp beren sanawy boýunça iňlis harytlaryny satyn alyp, göni Lissabona ugradypdyr, gämibaşy bolsa olary sag-aman Braziliýa getirip berdi. Öz kesbi-kärimde heniz gögele bolamsoň, sargamak kelläme gelmedik birgiden zady — ekerançylyk üçin gerekli her tüýsli abzallary, çoýun gurallary, hojalyk esbaplaryny gämibaşy alada edip, ýörite alyp gelen eken. Ekinçilikde olaryň gaty uly kömegi degdi.

Ýüküm gelen wagty muňa öz ýanymdan begenip, mundan bu ýana geljegimi alada etmesemem boljak diýip hasap etdim. Howandar gämibaşym dul zenanyň özüne peşgeş edip iberen bäş funt-sterlingini berip, alty ýyl hyzmat etmek şerti bilen, maňa bir hyzmatkär hem satyn alan eken. Bu ýagşylygyny ýerine salmak üçin hödür eden zatlarymy almajak bolup, gämibaşy, baý, aýak dirändir-ä! Bolsa-da, eýlesine-beýlesine geçip, halys gününe goýman duramsoň, ol ekinimden birki gülebent temmäki aldy.

Bu heniz hemmesi däl. Ýükümden çykan geýim-gejimler, azyk önümleri, mawut we beýleki zatlar Braziliýada örän gymmatbahadan satylýardy, näçe diýseň hyrydar bardy. Onsoň üstüm ala-güpürdi bolaýdy, telim esse bahany urup, bar harydymy satyp dyndym; söwdam şeýlebir oňdy welin, ýükümi dört esse bahadan satyşdyryp, uly peýda gazandym. Ine, onsoň işleriň gidişi boýunça pukaraja goňşymdan mesemälim saýlandym duruberdim, sebäbi özüme bir hebeşi gul bilen gämibaşynyň Lissabondan alyp geleninden başga, ýene-de bir ýewropaly hyzmatkär alnypdym.

Emma baýlygyňy ýele sowrup ýörmek, galapyn ýagdaýda, bizi iň uly bela-beterlere bakan dartýar eken. Mende hem şeýle boldy. Soňky ýyl ýerlerimden örän köp hasyl aldym: gerek-ýarak üçin goňşular bilen alyş-çalyş edenimi hasap etmäniňde, arassa elli gülebent temmäki ýygnadym. Her biriniň agramy ýüz funta barabar şol elli

dessäni birlaý guradyp, gämiler Lissabondan dolanyp gelýänçä taýýar edip, küdeläp goýdum. Şeýdip, ähli işlerim rowaç bolup, baýlygym artyberensoň, çakymdan artyk işlere, men diýen täjirlere gaýra dur diýdirjek söwda-satyklara baş goşmagy küýsäp, ýüregim gysyp başlady. Şol günüme kaýyl bolup oturanymda, kakamyň janyndan syzdyryp aýdyşy ýaly, hiç bir zada mätäçlik çekmän, hemişe keýpi-sapada bolup gezibermelidim. Hiç zadyň gaýgysyny etmän, şeýdip, asuda durmuşa gümra bolup ýaşabermeli günüm barka, men şormaňlaý, bir beladan dyndym diýsem, ondanam beterine sataşýan oturyberýän. Soň-soňlar özümiň nähili işlere baş goşup, nähili derdi-belalara duş gelip ýörşüm hakynda oýlanyp görsem, asyl belanyň körügi, Biribaryň maňa bagyş eden sapaly döwranyna şükür edip, öz durmuşyma birkemsiz guwanyp, peýwagtyma ýaşap ýörmeli halyma, daga toýnak salyp, çet ýurtlara söwda-syýahata gitjek diýip hötjetlik etmegimde eken.

Öň bir gezek enemiň-atamyň öýünden gaçyp gaýdamsoň, häzirem kanagat edip oturjak gümanyň barmy diýsene. Ana, onsoň men mülkümde ekerançylyk bilen meşgullanyp, zada zar bolman, wagtymy hoş geçirip ýörmekden ýüz öwürdim. Has çalt baýamaga höwes edip, ýüregimi bire bagladym-da, ýagty ýalançyda adamzadyň başyna düşýän külpetleriň, jebri-jepalaryň öldürmese-de güldürmeýän girdabyna özümi okladym.

Indi bolsa, öz hekaýatymyň şol bölegini başdan-aýak gürrüň bereýin. Braziliýada eýýäm dört ýyldan bäri ýaşap ýördüm, şekerçiňrik ýetişdirmekden weşeň-weşeň pul gazanyp, elim uzadan ýerime ýetýärdi. Ýerli dili suwara öwrenipdim, goňşy mülkdarlar bilen aramy sazlap, birgiden dost tutunypdym. Şolaryň arasynda golaýymyzdaky Keramatly Salwador deňiz duralgasynda ýaşaýan täjirler hem bardy. Olar bilen oturyşyp-turşan wagtymyz, Gwineýanyň kenarlaryna iki ýola syýahat edişim barada magtanyp gürrüň berýärdim. O ýerdäki hebeşiler bilen nähili söwda-satyk etmelidigi, monjuk diýermiň, oýunjak, pyçak, gaýçy ýa-da palta diýermiň, garaz, her dürli ýaldyr-ýuldur berip, altyn külkesini, Gwineýa gallasyny, pil süňküni, hatda Braziliýada işletmek üçin süri-süri edip, hebeşi gul-gyrnaklary alyp bolýanyny aýdyp berýärdim.

Täjirler gürrüňlerimi, esasan hem, hebeşi gullary satyn almak barada aýdýanlarymy örän geňirgenişip, haýran galyşyp diňleýärdi. O döwürler gul söwdasyny etmek üçin atyň kellesi ýaly ýürek gerekdi, sebäbi döwlet bu işi öz gözegçiliginde saklaýardy. Munuň üçin Ispaniýanyň ýa-da Portugaliýanyň korolynyň assiento atlandyrylýan ejaza hatyny almak hökmandy. Gaty gymmat düşýäni üçin hebeşi gullaryň kän bir hyrydary hem bolmaýardy.

Günlerden bir gün tanyş täjirler hem mülkdarlar bilen şagalaň gurap otyrkak, ýene şol zatlar barada gürrüň açyldy. Ertesi gün irden şol ülpetlerimiň üçüsi ýanyma gelip, düýn agşam aýdyp beren gürrüňlerimi ymykly ölçerip-dökendiklerini, indem maňa gizlin bir teklip aýtmakçy bolýandyklaryny mälim etdi. Dilime berk bolmaga söz beremsoň, olar mende-de, özlerinde-de mülküň bardygyny, bize näçe diýseň hyzmatkär gerekdigini, şonuň üçinem Gwineýa gul-gyrnak äkelmäge gider ýaly gämi taýýarlamak niýetleriniň bardygyny düşündirmäge durdular. Ýöne gul söwdasy gadagandy, getireňsoň ol hebeşileri aç-açan satyp boljak däldi. Şonuň üçinem olar

ýüzüşe bir sapar gidip, getirilen gullary kenaryň gözden uzagrak bir ýerine düşürägede, öz mülklerimize paýlamaly edipdirler. Gep salgyndan, olar gäminiň baş beýemçisi bolup gitmäge hem-de Gwineýanyň kenarýakasyna barlanda gul söwdasyna gözegçilik etmäge meniň razylyk berjegimi-bermejegimi biljek bolýardylar. Syýahat üçin maňa gara şaýy çykartman, gullara deň şärik etjegini hem aýtdylar.

Bu teklip heniz idi-yssywat eder ýaly ýer satyn almadyk, oňa esli maýa goýsa-da, ondan lomaýja düşewünde garaşmaýan adam üçin kemje-kerdem däldi. Emma men özüme mülk ýer edinip, işlerimi ugrukdyrypdym, ýene-de üç-dört ýyl gyrmyldabersem, Angliýadan galan pulumy getirtsem, mundan başga ýatan çöpi galdyrmak aladam ýokdy; şojagaz pulumy hem goşsam, baýlygym üç-dört müň funtsterlinge dagy ýetip, has-da köpeljekdi. Şonuň üçinem meniň şol syýahata gitmäge hyýallanmagym barypýatan ýeňilkellelik boljakdy.

Ýöne öz aýagymdan paltany urmak ozaldan maňlaýyma ýazylgy bolansoň, edil birwagt kakamyň raýyny ýykyp, sergezdançylyk edip ýörmek baradaky hyýallarymy jylawlap bilmeýşim ýaly, bu teklibiňem öňünde durup bilmedim. Gepiň gysgasy, eger ýokkam ekin meýdanlaryma göz-gulak bolmagy, bardy-geldi dolanyp gelmesem, oňa edil aýdyşym ýaly çemeleşmegi boýun alsalar, onda Gwineýa gitmäge ikelläp razydygymy aýtdym. Olaryň üçüsem ýerli-ýerden şeýtmäge äht edişip, bu hakda ýazmaça şertnama diýermiň, dilhaty diýermiň, taýýarlap äkeldiler; menem resmi wesýetnama ýazyp, aradan çykan ýagdaýymda tutuş emlägimiň we ýerlerimiň esasy mirasdüşeri hökmünde birwagt janymy halas eden gämibaşyny belledim, ýöne ony emlägimi öz wesýetnamamda görkezişim ýaly ulanmaga borçly etdim: ol ýarysyny özüne alyp, galan ýarysyny bolsa, Angliýa ibermelidi.

Aý, garaz, emlägimi gorap saklamak, ýerlerimiň idegini kem etmezlik üçin ähli aladalary edişdirdim. Şol ätiýaçlylygymyň iň bolmanda ýarpasyny öz bähbidim üçinem ulanyp, näme iş edip, näme iş etmeli däldigimi aýyl-saýyl edenimde, megerem, depseň yranmajak baýlyga eýe bolup biljek halyma, gül ýaly kesbimi taşlap, tazygyp deňiz syýahatyna çykyp gitmezdim. Onsoňam mende, başymdan her tüýsli külpetleriň inmegine garaşmaga onsuzam ýeterlik sebäp bardy.

Emma gaty gyssap duransoňlar, pähim-paýhasa däl-de, haý-höwesimiň erkine körekörlük bilen boýun egdim. Şeýdip, gämi ýola düşmäge taýýar bolup, harytlar ýüklenildi, ýoluň ähli gerek-ýaragyny ozaldan ylalaşyşymyz ýaly, şariklerim ýerbeýer edişdirdi. Ine, onsoň 1659-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda şol bisähet sagatda mündim gäminiň biline. Şol gün bagtyma boran ýagdyryp, enem-atamyň raýyndan çykyp, Hall şäherinden gaçyp gaýdanyma tegelek sekiz ýyl bolupdy.

Gämimiz ýüz ýigrimi tonna çemesi ýük göterip bilýärdi, gämibaşyny, onuň ýaşajyk şägirdi-ýunganу, birem meni hasap etmäniňde, gämide alty sany top bilen on dört deňizçi bardy. Agyr harytlar, gülebentler ýokdy, diňe hebeşiler bilen alyş-çalyş eder ýaly monjuk diýermiň, aýna bölejikleridir balykgulak diýermiň, ondan başga-da ownuk-uşak aýnadyr pyçak, gaýçydyr palta diýermiň, garaz, tapan-tupanymyzdan ýükümizi tutupdyk.

Gämä münen günüm ýelkenleri ýazyp, ýola rowana bolduk. Ilkibaşda Braziliýanyň kenarýakasyny gyraklap, demirgazyga tarap ýüzdük, şol wagt gämileriň adatça ugur alýan demirgazyk giňişligiň onunjy ýa-da on ikinji gradusyna ýetip, şol ýerdenem Afrikany nazarlap ýüzmäge hyýallanýardyk. Braziliýanyň ýakasyny syryp, tä Keramatly Awgustino burnuna baryp ýetýänçäk, ýakyp-ýandyryp barýan jöwza bardy diýmeseň, howa örän ajaýypdy. Burundan soň açyk deňze bakan ýüzüp, bahym gury ýeri gözden ýitirdik. Gäminiň ugruny, takmynan, Fernando-de-Noronha adasyna — demirgazyk-gündogara tarap saklaýardyk. Tiz wagtdan ada gündogar tarapymyzda, yzda galdy. Şol ugur bilen gidip barşymyza, on iki gün diýlende, ekwatory kesip geçdik. Iň soňky geçiren hasaplamalarymyza görä, demirgazyk giňişligiň 7-nji gradusynyň 22-nji minutyndan ýüzüp barýarkak, birdenkä şeýlebir elhenç apy-tupan turdy welin, biz halys aljyrap, özümizi ýitirdik. Harasat ilki günorta-gündogardan gelip, soň şemal ters ugra — demirgazyk-günbatara geçdi, ahyrsoňunda bolsa, demirgazyk-gündogardan edil aldajy ýaly öwsüp ugrady welin, onuň güýji zadyň çaky däldi. Biz laýyk on iki günläp, şemalyň ugruna atylyp ýörşümize, ýelkenleri düýrledik-de, takdyra ten berip, harasadyň eýmenç gazabyna boýun syndyk. Şol on iki günläp janymyz gyl üstündedi, tolkunlar bizi haçan ýuwudarka diýşip, şeýlebir gorkduk welin, heý, goýaý! Aslynda gämidäkileriň hiç haýsynyň diri galmak umydy ýokdy.

Aýylganç harasadyň üstesine, şol başagaýlygyň içinde bir deňizçi tropiki ysytma tutup öldi, başga bir deňizçi bilen ýungany bolsa tolkunlar holtumyna dolap aldy. On ikilenji gün diýlende, tupan birneme sabady, gämibaşymyz başardygyndan gözegçilik geçirip, çen bilen demirgazyk giňişligiň 11-nji gradusynda bolsagam, Keramatly Awgustino burnunyň 22 gradus günbataryna gelip düşenimizi takyklady. Görüp otursak, biz asyl Gwineýanyň kenarlarynyň ýakynyna ýa-da Braziliýanyň demirgazyk bölegindäki Amazonka derýasynyň guýýan ýeriniň aňyrsyna, şol töwereklerde Beýik Derýa diýlip at berilýän Orinoko derýasynyň golaýjygyna baryp ýeten ekenik. Gämimiz mazalyja eýi ýetip, gowşap-çagşap suw syzdyryp duransoň, gämibaşy maňa sala salyp, haýsy ugra ýüzerkäk diýip sorady. Ol ur-tut Braziliýanyň kenarlaryna bakan gaýtmakçy hem boldy.

Men muňa düýbünden garşy boldum. Onsoň ikimiz bile oturyp, Amerikanyň kenarýaka kartalaryna birlaý göz aýlap çykdyk-da, ahyrsoňy tä Karib adalaryna barýançak bize düşelge bolar ýaly ilatly ýer ýok diýen netijä geldik. Şonuň üçinem gäminiň ugruny Barbados adasyna bakan öwürmegi müwessa bildik, şeýdip, on bäş günläp gidibersek, onçakly emgenmän Meksika aýlagynyň akymyndan sowa geçerisde, açyk deňiz bilen ýüzübiris diýip tama edýärdik. Barybir, gämini birlaý elden geçirip, özümizem göwnejaý bir dem-dynç alaýmasak, Afrika baryp ýeterimizden ýetmezimiz ýakyn boljakdy.

Biz şol hyýal bilen, iňlis adalarynyň biriniň üstünden baryp, kömek soramagy niýetläp, ugrumyzy üýtgedip, günbatar — demirgazyk-günbatar tarapa sowduk. Emma täleýiň emri başgaça eken. Demirgazyk giňişligiň 12-nji gradusynyň 18-nji minuty bilen gidip barýarkak, ikinji gezek gaý-harasat gopdy-da, asman bilen deňzi gapyşdyryp, gämimizi günbatara bakan dazyrdadyp, ummadan çykardy. Söwda

ýollaryndan şeýlebir alys ýerlere baryp düşdük welin, ýurdumyza dolanyp barmak beýle-de dursun, bardy-geldi deňziň gazabyndan sypaýsagam, indi bize ýabany adamlara şam bolmak howpy abanýardy.

Şol başagaýlykda, harasat hem barha beterine tutup güwwüldeýärdi. Bir gün irden daň saz berer uçurlary deňizçileriň biri bogazyna sygdygyndan zowladyp: «Ýer görünýär!» — diýip gygyrdy, bizem nirelerde gezip ýörenimizi biljek bolup, bosuşyp otagdan çykanymyz hem şoldy welin, gämi baraga-da bir çäge ýalpagyna süsňäp urdy. Ol şeýdip duran badyna, äpet gomlar üstümizden şeýlebir zarp bilen golçuldap eňterildi welin, hut janymyz bokurdagymyza gelip, ala-basga düşüp, ygyşak ýere sümülişip, tolkunlarynyň köpürjiginden penalanjak bolşup çyr-çytyrdyk.

Şeýle ýagdaýa düşüp görmedik adama biziň nähili eýmenç haýygyp, aňkamyz aşanyny düşündirmek gaty kyn bolsa gerek. Biz nirede, bu gelip düşen ýerimiz adamy ýa-da yklymmy, adam-gara ýaşaýarmy ýa-da ýaşanokmy — bularyň hemmesi bize näbellidi. Az-kem gowşan hem bolsa, apy-tupanyň gazaby entekler köşeşerli däldi. Harasadyň gopguny bir hili gudrat bilen öz-özünden tapba kesiläýmese, gäminiň sähelçe salym hem saklanyp bilmän, onuň zarbyna kül-uşak boljagynyň ujy iki däldi. Gepiň gysgasy, biz gözümizi petredip biri-birimize dikanlaşyp oturyşymyza, ölümimizi boýnumyza alyp, indi bu ýagty ýalançyda aljak galamyz galmansoň, her birimiz kaýyllyk bilen o dünýä gitmäge taýýarlanýardyk. Şol wagt bize basalyk bolýan ýekeje zat bardy, ol hem ätiýaç edişimiň tersine, gämi heniz döwülmändi, gämibaşy bolsa, şemalyň ýatyşyp başlanyny aýdyp gygyrdy.

Emma şemal az-kem ýatyşýandyr öýtsek-de, barybir, çäge ýalpagyna süsňäp giren gämi eger-eger ýerinden gozganarly däldi, ýagdaýymyz şeýle çökder bolansoň, indi her edip, hesip edip öz janymyzy halas etmekden başga alajymyz galmandy. Harasadyň öňüsyrasynda gäminiň yzky böleginde bir gaýyk bardy, ýöne tupan wagtynda ol ilki baryp gämi süýşende urlupdyr, soň bolsa tanapyny üzüp, ýa-ha gark bolupdyr ýa-da deňze gaýyp gidipdir. Şonuň üçinem ondan ýaňa tamamyz tala daňlan ýalydy. Gämide ýene bir gaýyk bardy, onam suwa goýbermek hyllallady. Ýöne haýal-ýagallyk etmäge maý ýokdy, gäminiň wes-weýran boljak pursady gaty ýakynlapdy, eýýämden «gämi omruldy» diýip, elewreşip ýörenlerem bardy.

Şol aldym-berdimde gämibaşynyň kömekçisi gaýyga ýapyşdy-da, beýleki deňizçileriň kömegi bilen ony gämiden aşak oklady; bizem sen-men ýok on bir adam bolup gaýyga terslin-oňlyn böküşip münäge-de, onuň tanapyny şarpa kesip, Biribary çagyryp, Ondan medet diläp, özümizi çarp urýan deňziň ygtyýaryna berdik; apy-tupan mazaly kiparlan hem bolsa, deňziň mähnet gomlary güwwüldäp, bat bilen kenara urulýardy. Deňziň bu bolşuna gollandlaryň «den vild Zee» (wagşy deňiz) diýen sözi jaýdar gabat gelýärdi.

Biziň ýagdaýymyz, hakykatdan-da, diýseň gözgynydy; däli-porhana dönen tolkunlaryň gaýygymyzy uzak gidirmän agdaryp urjagy, barymyzy gutulgysyz suwa gapgarjagy ikuçsuzdy. Ýelken açaly diýsek, ýelkenimizem ýokdy, bolaýanda-da, bize nepi degjek däldi. Onsoň ýerli-ýerden haýdaşyp gaýygy kenara baka kürekläp başladyk, ýöne edil dar agajyna äkidilip barýan dek ysgyn-mejalymyz gaçypdy, sebäp diýseň, gaýyk kenara golaýlaşan badyna, tolkunyň zarbyna onuň tike-tike

boljagyny ählijämiz bilip durduk. Onsoň jan-tenden Ýaradany çagyryşyp, kenara tarap südenekledýän gaý-tupanyň astynda, ýetişibildigimizden küreкläp, göni gelýän ajala bakan atylyp barýardyk.

Öňümizdäki kenaryň gaýalykmy ýa çägelik, kertmi ýa saýlykdygyny biler ýaly däldi. Sähelçe umyt uçgunyny berýän ýekeje zat bardy — eger gaýygymyz saý-sebäp bilen bir aýlaga ýa-da aýlagjyga, ýa-da bolmasa, derýanyň guýýan ýerine çyksa, juda bolmanda, gury ýeriň yk tarapyndan ýanaşyp bilsek, şol ýerde tolkunlaryň has gowşak bolmagy ahmaldy. Ýöne barýan ugrumyzda ýaňkylara meňzeş zat asla göze ilmeýärdi, gaýtam, kenara golaýladygymyz saýy, gury ýer deňizden bäş beter eýmenç görünýärdi.

Küreklere agram salyp, has dogrusy, ýeliň ugruna saga-sola gaýkyjaklap barşymyza, çen bilen bir ýarym liga[2] çemesi ýol geçendiris-dä, ine, birdenkä äpet bir tolkun dag kimin çarpaýa galyp, ýeňse tarapymyzdan şeýlebir batly şaglap indi welin, biz şol bada ahyrky pillämiziň gelenini aňdyk. Tolkun gaýygy zarp bilen holtumyna dolap aldy, biz: «Ýa, Biribar!» diýmäge-de ýetişmän, göz açyp ýumasy salymda başly-barat suwuň teýine çümüp gitdik.

Suwuň aşagyna giden wagtym elimi-aýagymy ýitirip, aljyraýşym aýdar-diýer ýaly bolmady. Ökde ýüzüp bilýän-de bolsam, birbada suwuň ýüzüne çykyp bilmän tas hopugyp ölüpdim. Şol pursatda bir tolkun meni göterip aldy-da, kenara bakan esli aralyga eltip zyňdy welin, ol yza gaýdansoň men gury ýerde galyberdim. Agzym-burnum deňziň şor suwundan dolany üçin, çala demim gelip gidýärdi. Kenara çak edişimden has ýakyn duranymy görenimden soň ýüregime howsala düşdi. Emedekläp, dyzanaklap, hyk-çok edip ýerimden turdum-da, ýene bir tolkun gelip, yzyma äkitmesin diýen gorky bilen, aldyranym bar ýaly gury ýere bakan ylgaşladym. Emma tolkundan gaçyp sypmagyň mümkin däldigine gaty bahym göz ýetirdim; deňiz, ylla diýersiň, dag süýşen ýaly bolup, gazap atyna atlanan duşman kimin, ökjämi sydyrdyp, okdurylyp gelýärdi. Meniň bolsa elim-aýagym diýenimi etmän, gymyldamaga mejalym galmandy. Elimden geljek ýeke zat bardy, ol hem demimi tutup, başardygymdan suwuň ýüzünde saklanjak bolmalydym. Soň ýene dem alyp, güýjüm ýetdiginden kenara bakan ýüzmelidim. Tolkunyň ilkibaşda beýgelip, meni şunça aralyga deňiç süýrekläp getirişi ýaly, täze tolkunam yza gaýdyşyn meni alagada deňze bakan allowarradan çykararmykan diýip gara janym galmady.

Dag ýaly bolup depämden gaýdan tolkun meni ýigrimi-otuz fut çemesi çuňlukda öz içine dolap aldy. Biçak uly tizlik bilen hol aňrylara, kenara bakan wazlap barýanymy duýan dessime, demimi saklap, bar güýjüm bilen öňe tarap ümzük atyp başladym. Demim içime dolup, ýarylara gelen pursadymda, hernä çöregim bitin eken, birdenkä ýokarlygyna galyp ugranymy aňşyrdym; iki sekuntlyjagam bolsa, kelläm bilen ellerim suwuň ýüzüne zompa çykdy welin, bu maňa uly goltgy boldy, öwhüldäp dem alyp, edil tekge berlen ýaly boldum. Onsoň biraz salym ýene-de suwuň aşagyna gitdim, ýöne bu gezek uzaga çekmedi. Bir görsem, tolkunyň bady gowşap, yza gaýdyp başlapdyr. Gaýtgynyň tersine ýüzjek bolup, janhowluma suw peşeläp, gara

[2] Lig — üç mile barabar ölçeg birligi.

başagaý bolup durşuma, aýaklarymyň ýere degenini duýdum. Tolkun peselişensoň, demimi dürsemek üçin sähel salym saklandym, eginbaşymdan joralanyp suw akyp durdy. Onsoň katdymy dikledim-de, kenara tarap güýjümde baryny edip eňdim.

Ýöne bu gezegem deňziň gazabyndan gutulyp bilmedim, tolkun iki gezek dagy pökgi ýaly oýana-buýana pyzyşdyrdy. Kenarýaka juda tekiz bolansoň, tolkun her sapar meni göter-göter edip, öz gerşinde kelemenledip, has-da öňe alyp gitdi.

Soňky tolkun nädenem başyma ýetipdi. Ol meni alagada, ala-pažžyldy bolup, ýene gury ýere çykaryp taşlady, has dogrusy, bir gaýa böleginiň ýüzüne şeýlebir batly pylçap urdy weli, men seňseläp, ýöne süýnüp ýatyberdim. Urgy böwrüm bilen kükregime degeni sebäpli demim-demime ýetmän, sojap halys tapdan düşdüm, şol pursatda ýene bir tolkun dagy gelende, gark boljagym ikuçsuzdy. Ýöne tolkunlar heniz gelip ýetişmänkä, men tüýs wagtynda aýňaldym-da, suwa üstümi basdyrmajak bolup, gaýa bölegine iki elim bilen mäkäm ýapyşyp-ýarmaşyp, garaz, mümkin boldugyça, tolkun yza çekilýänçä demimi tutup saklanmagy ýüregime düwdüm. Kenar indi ýakynda bolansoň, tolkun başdaky ýaly beýik däldi, onsoň ol yzyna gaýdýança men gaýany bagyrtlap ýatyberdim. Tolkun çekilen badyna ylgadym-da kenara diýseň golaýladym. Şonuň üçinem indiki tolkun yzymdan ýetse-de, barybir, meni suwa çümdürip, açyk deňze akdyryp äkidip bilmedi. Onsoň birneme ýüreklenip, ýene esli ylgaşlap, ahyrsoňy gury ýere ymykly aýak basdym. Şatlygymyň çeni-çaky ýokdy. Men kenardaky gaýalyga dyrmaşyp çykyp, gök otlaryň üstüne özümi goýberdim. Oturan ýerim howpsuzdy, deňziň aýtymyndan eslije daşda ýerleşýärdi.

Men sag-aman gury ýere çykaryp, janymy halas edeni üçin ýüzümi asmana tutup, gudraty güýçli Biribara alkyş okadym. Şondan sähelçe minut ozal hem dünýäm el aýtymyna gelipdi ahyryn. Şeýdip gabryň gädiginden garap, soňundan aman galan bendäniň başdan geçirýän uly şatlygyny, begenjini söz bilen beýan etmek ýeňil-ýelpaý zat dälmikä diýýän; şodur-şodur, boýnundan syrtmak geçirilip, dar agajyndan asyljak bolup duran jenaýatkäre günäsiniň geçileni aýdylan mahaly, duýdansyz şatlykdan ýaňa o bendäniň aňy gidip, birden ýüregi duraýmasyn diýip, ätiýaçdan hemişe bir lukmany taýýar saklamak dessury meni indi birjigem geň galdyrmaýar.

«Sebäbi duýdansyz gelen şatlyk hem, edil gam-gussa ýaly, ilkibaşda akylyňy çaşyrýar».

Men öldüm-öldümde halas bolanyma ynanyp bilmän, iç-içime sygman, gollarymy asmana galdyryp, kenarda ikibaka at salyp, okkessirme geçip ýörşüme, set müň dürli bökjekläp, aşyr atyp, her hili oýunlar edip tüýs bolmajysy boldum weli, heý, goýaý! Şol ikarada ardurja gark bolan ýoldaşlarym barada hem pikir edýärdim, öz ýanymdan çen tutup, olaryň menden başga diri sypany bardyr öýtmedim; sebäbi şondan soň gaýdyp olaryň birine-de duş gelmedim. Tolkunlaryň güýji bilen kenara zyňlan üç sany başgap, bir papak, birem iki sany bitaý köwüş diýäýmeseň, biçäre ýolagçylardan nam-nyşan ýokdy.

Çäge ýalpagynda saga-sola hallan atyp, çaýkanyp duran gämimize bakan esewan etdim. Gazabyna bäs gelmän möwç urýan äpet tolkunlardan dumly-duşa syçrap gidýän ap-ak köpürjiklerden ýaňa ol çala göze kaklyşýardy. Gämi kenardan juda

uzakda durdy, men biçak haýran galyp: «Eý, Ýaradan! Gudratyňa haýran, nädip kenara çykaýdymkam?» — diýip, öz ýanymdan içimi gepletdim.

Ýüregim ýerine gelip nepesim durlanansoň, nirelere gelip düşenimi, indi näme edip, näme işlejegimi anyklajak bolup sagyma-soluma ser salan badyma, şatlygym zym-zyýat boldy. Bir söz bilen aýdanyňda, asyl deňze çümüp gidenim müň paý gowy boljak eken. Öl-myžžyk bolup durşuma, çalşyrnar ýaly meniň ýeke eginbaşym hem ýokdy. Ne iýer ýaly zadym bardy, ne içer ýaly. Indi maňa hor-homsy bolup ölüp gitmekden ýa-da gurda-guşa şam bolmakdan başga ýol görünmeýärdi. Iň keçje ýeri bolsa, aw awlap, ölmezödi oňňut etmek ýa-da kastyma çykan ýyrtyjy haýwanlardan goranmak üçin tüpeňim hem ýokdy. Umuman, ýanymda bir-ä pyçak bilen şybykdan, birem içi azajyk temmäkili gutujykdan başga hiç zadym galmandy. Barja hazynam şolardy. Muny görüp, uly gaýgy-gama batyp, ýüregim gysyp, hakyt dälirän ýaly boldum-da, ümdüzime tutup, usurgaýançam çar tarapa ýüwürdim. Eýýäm Gün ýaşyp, garaňky üstümi basmarlap barýany sebäpli, bu jelegaýlarda gijelerine awuň gözlegine çykýan ýyrtyjy haýwanlar bar bolaýsa, başymda nä dürli oýunlar goparka diýip, öz ýanymdan elewräp, oýlanyp başladym.

Şol wagt paýhas eden ýeke-täk çykalgam, şol golaýda ösüp oturan pihta agajyna çalymdaş, ýöne tikenekli, gür ýaprakly belent bir agajyň üstüne çykmak boldy, onuň çür depesinde oturyp gijäni geçirmegi ýüregime düwdüm. «Nähili ölümiň garaşýanyny ertir görüberýäs-dä» diýip oýlanýardym, sebäbi diri galmaga hiç hili mümkinçilik görmeýärdim. Onsoň içer ýaly az-kem suw tapdyrmazmykan diýip, kenardan aňyrlygyna çärýek mil töweregi ýöräp gitdim. Bulagyň üstünden baranymda, begenjimiň çägi bolmady. Ganýançam içip, yzyndanam göwnümi aldatmak üçin azajyk temmäki çeýnän boldum. Soň bolsa ýaňky agajyň ýanyna dolanyp gelip, derrew ýarmaşyp üstüne çykdym-da, birden irkilip, aşak gütläp gaçmaz ýaly, özüme ýerjagaz ýasandym. Onsoň şahalaryň birinden serdessä meňzäp duran keltejik taýak kesinip aldym-da, ýasan ýerjagazymda jaýlaşyp oturdym. Ýadap halys lütüm çykansoň, derrew uka gidipdirin. Meniň ýaly, beýdip arkaýyn ýatyp biljek adam az-azdyr. Ertesi jahan ýagtylyp, Gün dogansoň, men düýnküden has şähdaçyk halda ukudan oýandym.

## IV bap

Gözümi açan wagtym daş-töwerek mazaly ýagtylyp, howa açylan eken. Harasat sowlupdyr, deňiz bolsa öňküsinden köşeşipdir. Emma meni has geň galdyran zat, deňziň daşgyny çägä batyp ýatan gämini gije ýerinden göterip gaýdypdyr-da, ozal aýdyşym ýaly, düýn tolkunyň meni bat bilen pylçap uran gaýalygynyň edil ýanjagazyna getirip goýupdyr. Indi gämi meniň gijäni geçiren ýerimden bary-ýogy bir mil çemesi uzakda, hiç ýaňa gyşarman, süňňüni dikläp durdy, onsoň gämä baryp, iň bolmanda, derdime ýaraýjak aňry-bäri zatlary alyşdyrasym geldi.

Agajyň üstündäki gaçybatalgamdan çykyp ýere düşdüm-de, ýene bir ýola degre-daşyma göz gezdirdim, ilki bilen gözüme ilen zat düýnki gaýygymyz boldy, şemaldyr deňiz tolkunlary ony sag tarapymda, takmynan, iki mil töweregi aňyrda kenara

çykaryp taşlapdyr. Kenaryň ýakasyny syryp, gaýyga bakan birmeýdan pyýadalap ýöredim, ýöne birden gaýyk bilen aralykda ini ýarym mile ýetýän bir aýlagyň bardygyna gözüm düşdi. Günümi görer ýaly, oduk-buduk bir zatlar taparyn diýen umyt bilen, gämä barmagy niýetlämsoň, gaýykly meseläni soňa goýup, yza dolandym.

Gün öýleden agyp başlan çagy deňiz örän asudalaşyp, gaýtgyn şeýlebir peseldi welin, men gäminiň çärýek mil alkymyna çenli arkaýyn ýöräp bardym. Ana, şol ýerde bolsa ýaňadan ýüregim gyýylyp, dünýäm daraldy, asyl, gämiden düşmän oturan bolsak, hemmämiziň sag-aman diri galjak ekendigimizi indi aç-açan görüpdim. Şonda barymyz sag-aman kenara çykardyk, men garamaňlaýam şu wagtky bolşum ýaly, bu janly-jemendesiz ýerde bir özüm somalyp galmazdym. Muňa gynanyp, gözümden boýur-boýur ýaş gaýtdy, ýöne boljak iş bolupdy. Men eýdip-beýdip gämä baryp ýetmegiň ugruna çykdym. Howa gyzyp, howur alyp durany üçin, geýim-gejimlerimi çykaryşdyryp, suwa girdim. Ýöne, gäminiň ýanyna ýetenimden soň, onuň üstüne nädip münjegimi bilmän, oýlanmaga durdum. Ol ýalpaklykda suwdan esli saýlanyp durdy, şonuň üçinem elýeterimde hiç hili ýapyşar ýaly ýeri ýokdy. Suwy gulaçlap, gäminiň daşyndan iki gezek aýlanyp çykdym, ikinji gezegimde aşak sallanyp, suwa degäýjek-degäýjek bolup duran bir tanap gözüme kaklyşdy welin, onuň ilkibada nädip gözümden sypanyna gaty haýran galdym. Batyp-çomup zordan onuň ujundan gysymlap tutup, dyrmaşyp burun tarapyndan gäminiň üstüne çykdym. Şonda onuň deşilip, trýumy esli suw basanyny gördüm, emma ol çägelige ýa-da, has dogrusy, gyrmançaly saýlyga ýanyny berip ýatyrdy, gäminiň yz tarapy ýokary galyp, burny suwy erňekläp diýen ýaly durdy. Şeýlelikde, artky bölegi şol durşuna hiç hili suw degmän galypdyr, ol ýerde goýlan zatlar bolsa ezilmän, gury duran eken. Özüňiz bilýäňiz, meniň birinji işim zaýalanan ýa-da abat galan zatlary gözläp, tükelläp çykmak boldy. Ilki bilen gämidäki ähli azyk-owkatlaryň suw degmän guruja duranyny gördüm, onsoň içim eljuk diýip duransoň, çörek saklanýan ammara girip, jübülerimi külçeden doldurdym-da, wagt ýitirmäýin diýip, aýagüstünde gäwüşäp ýörşüme, galan işler bilen boldum. Uly otagdan bir çüýşe rom tapyp, başyma çekdim welin, janym ýerine gelen ýaly boldy. Edilmeli iş kändi. Indi bar zatdan öňinçä derdime ýarap biljek goş-golamy kenara daşamak üçin maňa gaýyk gerekdi.

Ýöne bolmajak zadyň arzuwyny edip, gol gowşuryp oturanyňdan hem peýda ýokdy. Şonuň üçinem özüm bilimi berk guşadym-da, işe girişdim. Gämide bir topar ätiýaçlyk agaç-ugaç, iki-üç sany uly bogaldak pürsi hem-de birki sany naw bardy. Sal gurunmagy ýüregime düwüp, şolaryň ýeňilräginden aldym we akyp gidibermezligi üçin olary ýekän-ýekän ýüp bilen daňyşdyryp, aşak okladym. Soňra bolsa, gäminiň gapdalyndan syrygyp düşüp, olary özüme bakan çekdim-de, dört sanysyny uç tarapyndan gabşyragada mäkäm berkidip sal ýasadym, iki-üç sany kelteräk tagtanam üstünden atanaklap daňdym. Salyň üstünde arkaýyn ýöräp bolýardy, emma agaç bölekleri ýeňiljek bolansoň, mundan has agyr ýüki göterip bilmejegi görnüp durdy. Şondan soň men gaýtadan işe girişip, neçjaryň byçgysy bilen bir ätiýaçlyk pürsi üç bölek edip kesdim-de, olary salyma goşdum. Argynlykdan ýaňa halys surnugypdym,

emma ähli gerek-ýaragymy birkemsiz jemlemek umydymdan gujur-gaýrat alyp, öňde-soňda işlemänimi işläp, güýjümi gaýgyrmadym.
Şeýdip ahyryn sal gerek boljak zatlary götermäge taýýar boldy. Meniň indiki aladam oňa nämeleri ýüklejegim, ýüklän zatlarymy deňziň tolkunlaryndan nähili edip gorajagym boldy. Ýöne munuň üçin uzak pikirlenip oturmadym. Ilki bilen göterip bilenimden tagtadyr nawlary salyň üstüne ýaýradyp basdym we iň gerekli hasap edýän goşlarymy ölçerip-döküp, üç sany deňizçi sandygyny aldym-da, olaryň gulpuny döwäge-de, içini boşadyp, aşak, salyň üstüne düşürdim. Soň bir sandyga çörek, tüwi, üç tegelek golland peýniri, bäş bölek kakadylan geçi eti (ol biziň esasy höregimizdi) hem-de gämide birwagt iýip gutaran guşlarymyzdan galan az-kem däne we ş.m. azyk önümlerini saldym. Ol bugdaý bilen garylan arpady; ýöne ony alakalaryň iýip, haraplanyny bilemsoň, gaty gynandym. Mundan başga-da men gäminiň ammarçysyna degişli birnäçe çelek süýji şerap bilen bäş-alty gallon[3] çemesi arak tapdym. Şol çelekleriň hemmesini şol durşuna üst-üste goýuşdyrdym, sebäbi olary sandyga salmak gerek däldi, salaýyn diýenimde-de sygdyrjak gümanym ýokdy. Şeýdip, gümra bolup ýörkäm, birden daşgyn başlandy-da, kenarda çägäň üstünde goýup gaýdan keltekçämi, köýnegimi we gursakçamy deňze akdyryp äkitdi welin, gynanjymdan ýaňa doňup galdym. Şeýlelikde, dyzyma ýetip duran zygyrdan tikilen jalbarym bilen jorabymdan başga eşigim galmady. Gämä ýüzüp gaýdamda olary çykarmandym. Onsoň gämiden egin-eşik agtaryp başladym-da, her tüýsli geýim-gejimiň üstünden bardym, ýöne diňe şol wagtlykça geregimi alyp, galanyny goýdum, sebäbi meniň bar küýüm başga zatlarda, esasan-da, iş gurallaryndady. Kän iş edinip gözlänimden soň, agaç ussasynyň sandygyny tapdym, ol meniň üçin, hakykatdan-da, bahasyna ýetip bolmajak olja boldy, ony şol wagt bir gämi altyn berselerem çalyşmazdym. Içinde, umuman, nähili abzal-guralyň baryny çaklap bilýänim üçin, ony gözden geçirjek bolup, wagt ýitirip durmadym-da, şol durşuna sala basdym.
Indi bolsa, ok-däri bilen ýaragyň aladasyny etmelidim. Uly otagdan iki sany ajaýyp aw tüpeňi bilen iki sany sapança tapdym. Men şol bada bulary, gapdaly bilenem birnäçe däri gutusyny, içi seçmeli kiçeňräk haltajygy hem-de iki sany poslan köne gylyjy aldym. Gämide üç çelek däri bardygyny bilýänem bolsam, topçymyzyň olary nirede ýygnap goýanyndan habarym ýokdy. Emma iş edinip gözläp, ahyryn çelekleriň üçüsiniňem üstünden bardym, olaryň ikisi gury eken, üçünjisine bolsa suw degipdir. Şol iki çelek bilen ýaraglary sala ýükledim. Şeýlelikde, «Indi-hä ýükümi tutan bolsam gerek» diýip, öz ýanymdan oýlandym-da, «Ýelken ýok, kürek ýok, dest ýok — indi kenara nädip aşsamkam» diýip, kelle döwmäge başladym; sähel ýel turdugy bes, barym-ýogum bilen bilelikde deňze düňderilip gidibermelidim.
Üç ahwal göwnüme aram berýärdi, birinjiden, deňiz aýna ýaly tekiz, asudady; ikinjiden, daşgyn meni hökman kenara tarap äkitjekdi; üçünjiden bolsa, kenara tarap ugurdaş, ýeňiljek şemal öwsüp durdy. Şeýle bolansoň, gäminiň gaýygyndan galan iki-üç sany döwük kürek, sandykdaky abzallardan başga iki sany byçgy, palta bilen çekiç tapyp, ýanyma aldym-da, saly ýüzdürip başladym. Şondan soň sal bir mil

[3] Gallon — takmynan 4 litr ölçeg birligi.

töweregi gowy ýüzüp gitdi; birdenkä, onuň ilki deňizden çykan ýerime däl-de, birneme sowarak barýanyny gördüm. Onsoň, kenarýaka bakan bir akymyň bardygyny çaklap, şol ýerlerde ýüklerimi düşürer ýaly oňaýly aýlagjyk ýa-da derýa bardyr diýip tama etdim.

Pikir edişim ýaly hem bolup çykdy. Bahym öňümde kiçeňräk aýlag peýda boldy, görsem, men şol tarapa akýan güýçli akymyň üstünden barypdyryn. Saly başardygymdan ugrukdyryp, akymyň ortasynda saklanmaga çalyşdym.

Ýöne şol ýerde tasdanam «gämim» ikilenç gark bolupdy, şeýle bolaýanda, çekjek gaýgy-hasratymyň çeni bolmazdy. Kenarýaka näbeletligim sebäpli, salyň diňe bir gyrasy ýalpaklyga baryp süsdürildi-de, beýleki gyrasy suwda böwür berip, magallaklap galdy welin, nädenem bar ýüküm şol gyra bakan taýyp, suwa gaçypdy. Bar güýjüm bilen arkamy sandyklara diräp, olary ýerinden gozgatmajak boldum, ýöne näçe dyrjaşsam hem, saly ýalpaklykdan çykaryp bilmedim. Şol bolşumdan gymyldamaga milt edip bilmän, elimi-aýagymy diräp sandyklary saklap durşuma, ýarym sagat dagyn atan-satan bolup galyberdim. Ahyr daşgyn başlady-da suw beýgelip, salymy az-kem ýokary göterdi, ýene biraz wagt geçensoň, suw hasam beýgeldi-de, sal ahyrsoňy çägelikden sypdy. Küregimi diräp, saly akyma bakan ugrukdyrdym. Salymy akymyň ugruna goýberip, ahyrsoňunda aýlagjyga ýa-da bir derýajygyň guýýan ýerine baryp ýetdim. Bu ýerde iki kenar hem belent gury ýerdi. Akym bu ýerde örän çaslydy. Kenara ýanaşmak üçin amatly ýer peýläp, iki baka esewan edýärdim; derýanyň gözbaşyna tarap deňizden onçakly daşlaşyp gidiberesim gelenokdy, sebäbi irde-giçde deňizde gämi görerin diýen tamam bardy, şol sebäplem çemine salyp, kenara ýakyn ýerleşmegi ýüregime düwdüm.

Ahyry derýanyň sag kenarynda azajyk böwür berýän ýerine gözüm düşdi, hupbat baryny görüp, zordan saly şoňa bakan gönükdirdim. Iň soňunda kenara şeýlebir ýakynlaşdym welin, kürek suwuň düýbüne degip başlady, indi arkaýyn kenara ýanaşyp biljekdim. Ýöne edil şol ýerde-de saldaky goş-golamlaryň ählisi tasdan suwa eňterilipdi, çünki kenar biçak kert, has dogrusy, eňňit bolansoň, baryp duraýar ýaly ýer ýokdy. Salyň bir gyrasy hälki ýaly kenarýaka urlup, ýokary galaga-da, beýleki gyrasam peseläýse, meniň ýüküm ýene-de howp astynda galjakdy. Elimden gelýän bar zat — daşgyn iň soňky hetdine ýetýänçä garaşyp, küregi labyr hökmünde ulanyp, saly gozgatman, kenaryň alkymynda saklamakdy. Şol taýdaky bir tekizje ýeri suw basar diýip çak edýärdim. Şeýle hem boldy. Suw ýeterlik ýokary galyp, saly bir fut çemesi ýokaryk göteren badyna, salymyny bermän saly şol ýerjagaza ýüzdürip eltdim-de, iki sany döwük küregiň hersini bir ýanyna, suwuň düýbündäki çägelige pugta kakyp, şol ýere ykjam berkitdim we tä daşgyn gaýdýança garaşyp oturdym. Şeýlelikde, daşgyn gaýdansoň, meniň salym ýüki zady bilen gury ýeriň üstünde galdy.

Indiki etmeli işim töweregi gözden geçirip, ýurt tutunar ýaly hem-de her hili ýagdaýda goş-golamlarymy üýşürip goýar ýaly oňaýly ýerjagaz agtarmakdy. Gelip düşen ýerim yklymmy ýa-da ada, ilatlymy, ilatsyz; wagşy haýwanlar jana howp salýarmy, salanok — heniz bilmeýärdim. Menden bir mil çemesi aňyrda ýokarlygyna galyp gidýän, seleňläp oturan bir belent baýyr görünýärdi. Ol, megerem, beýleki

depeleriň üstüne abanyp, demirgazyga tarap geriş-geriş bolup uzalyp gidýän bolarlydy. Ýanyma tüpeň, sapança, birem därili guty alyp, şaýymy tutup ýola çykdym. Örän kösenip, uly kynçylyk bilen baýryň çür depesine münen wagtym, öz keç ykbalymy görüp, gaty erbet boldum; asyl, çar tarapynda deňiz tolkunlary owsun atyp ýatan ada düşen ekenim; allowarrada her ýerden bir somalyşyp, deňizden çykyşyp duran iki-ýeke gaýalyk hem-de günbatar tarapda üç liga daşlykda ýerleşýän, şu ada garanyňda kiçiräk iki sany adajyk bar diýäýmeseň, daş-töwerekde gury ýer göze ilmeýärdi.
Bu adanyň bikirliginiň heniz bozulmanyna, hatda göräýmäne, adam-gara ýaşamaýanyna hem göz ýetirdim. Häzirlikçe görmedigem bolsam, wagşy ýyrtyjylar hem gürrüňsiz bar bolmalydy. Men süri-süri bolup, uçuşyp ýören guşlary gördüm, ýöne olaryň haýsy görnüşe degişlidigini, bardy-geldi awlaýan ýagdaýymda etiniň iýmäge ýaramlydygyny, däldigini hem bilmeýärdim. Baýyrdan düşüp gelýärkäm, tokaýyň çetinde beýik agajyň üstünde oturan bir uly guşy tüpeňledim. Şol gümpüldini tüpeňiň dünýä döräli bäri ilkinji sapar atylanydyr öýtdüm; sebäbi tüpeň göçüp-göçmänkä, tokaýyň dumly-duşundan set müň dürli, san-sajaksyz guş sürüleri güsürdäp, asmana göterildi; olaryň her haýsysy öz heňinde owaz edip, jakgyldaşyp-jürküldeşip, şeýlebir gopgun turuzdy welin, heý, hoşuňa gelsin! Ýöne ol guşlaryň sesleri gulagyma nätanyşdy. Awlan guşum barada aýdanyňda bolsa, oňa laçynyň bir görnüşimikä diýdim; reňki diýjekmi, çokçasy diýjekmi laçynyňka juda çalymdaşdy, ýöne dyrnaklarynyň, penjeleriniň adaty guşlaryňkydan tapawudy ýokdy. Onuň eti maslyk ýaly eken, iýip boljak däldi.
Şol açyşlaryma kanagat edip, salyň ýanyna gaýdyp geldim we ýüklerimi kenara daşamaga başladym, günüň galanyny şol iş bilen başagaý bolup geçirdim. Gije näme edip, näme işlejegimi, hatda nirede ýatyp dem-dynç aljagymy-da bilmeýärdim. Ýerde ýatybersem-de boljakdy welin, bir ýyrtyjy gelip bokurdagymdan agyz uraýarmykan diýip gorkdym. Ýöne, soň-soňlar görüp otursam, gorkup oturasy zat ýok ekeni.
Barybir, men kenara düşüren sandyklarymy, tagtalarymy daş-töweregime aýlap, örüşdirdim-de, şol gije düşlär ýaly edip, çatma meňzeşje sümelge ýasandym. Nahar-şor barada aýtsam bolsa, hälki guş atan tokaýjygymdan towşana çalym edip duran iki-üç sany jandaryň bökjekläp gaçyp gidenini gördüm diýmeseň, garnymy otarar ýaly çykalga görmeýärdim.
Emma indi gämide galan, nepi degäýjek biçak köp zady, aýratyn-da, urganlarydyr ýelkenleri, başga-da, garaz, şu ýere äkelip boljak ähli akyr-ukurlary alyp gaýtmak barada oýlanyp başladym. Şonuň üçinem bir bökdençlik bolmasa, gämä ikinji gezek baryp gaýtmagy ýüregime düwdüm. Ilkinji gopjak harasadyň gämini hökman kül-peýekun edip taşlajagyna gözüm ýetip duransoň, gämiden alyp gaýdyp boljak bar zady tükel daşap gutarýançam, başga işleri bir ýaňa goýmaly etdim. Soňra saly yzyna alyp gideýinmi, gitmäýinmi diýip göwnüme geňeşdim. Ýöne ony äkitmegi göwnejaý görmän, ozalky ýaly, gaýtgyn başlansoň gitmegi ýüregime düwdüm. Emma bu gezek gözenek çyzmykly köýnegim, zygyr balagym bilen aýagymdaky çepegimden başga eşiklerimi çykaryp, sümelgede goýdum.

Edil birinji gezekdäki ýaly, gäminiň üstüne mündüm; soň bolsa, täze sal ýasadym. Eýýäm tejribäm ýetik bolansoň, ony tagaşyksyz edip ýasamadym, onçakly agyr ýük hem ýüklemedim. Şeýle-de bolsa, barybir, derek tutduryp boljak zatlardan alyşdyrdym; ilki bilen neçjaryň ussahanasynda çüý bilen çytanakly simden tümmeklenen iküç sany meşigiň, bir uly towlajyň, on-ýigrimi sany paltanyň, iň esasysy bolsa, çalgydaş diýilýän bahasyna ýetip bolmajak abzalyň üstünden bardym. Olaryň barysyny gäminiň tophanasyna degişli başga zatlar, esasan hem, iküç sany külüň, muşket okundan doly iki sany çelek, ýedi muşket, eslije därisi bilen ýene-de bir aw tüpeňi, bir torba seçme hem-de bir düwünçek ýazgyn gurşun bilen bilelikde üýşürip goýdum. Ýöne şol soňky düwünçek şeýlebir agyrdy welin, ony göterip, gäminiň erňeginden aşyrmaga güýjüm ýetmedi.
Bulardan başga-da, elime ilen ähli geýim-gejimleri, ýene-de bir ätiýaçlyk ýelkeni, bir torsallançagy, ýorgan-düşekleri aldym. Bulary sala ýükläp, agdarman-ýykman kenara çykardym welin, edil arkamdan dag aýrylan ýaly boldy.
Kenardan uzakdakam iň bärkisi goýup gaýdan azyklarymy ýyrtyjylar duw-dagyn edendir öýdüp, biraz ätiýaç edipdim, ýöne dolanyp gelen wagtym hiç hili «myhmanyň» aýak yzyna duşmadym. Diňe sandyklaryň biriniň üstünde ýabany pişige meňzeş bir jandar joňkaryp oturan eken. Golaýlaşanymda, ol hol beýleräk gaçyp, aýak çekdi-de keýerilip duruberdi. Soňra ol gorky-ürki etmän, äwmezeklik bilen çöküne düşüp, hamana diýersiň, meniň bilen tanşasy gelýän ýaly, ýüzüme çiňerilip seretdi. Tüpeňimi çenedim welin, bu herekete düşünmänsoň, maňa barmysyňam diýmän, ýerinden gozganjak hem bolmady. Onsoň aňrymda artyk-süýşük zat bolmasa-da, gysganyp-gysganyp, ahyryn oňa bir bölejik külçe oklap gördüm. Bolsa-da, jomart ekenim. Ýaňky jandar onuň ýanyna baryp, ysgaşdyrdy-da, derrew lak-luk atdy, soň bolsa, agzyna ýaran bolarly, «ýene-de beräý» diýýän ýaly, maňa delmuryp seretdi. Men monça boldum, ýöne başga zat bermedim, ol hem selk-selk edip öz ugruna gidiberdi.
Ikinji ýükümi hem kenara getirip düşürenimden soň, därili çelekleriň agzyny açyp, olary bölekläp daşamaga mejbur boldum, sebäbi ol çelekler mähnet uly bolansoň juda agyrdy. Şondan soň, ýelkenlerden hem-de tokaýdan ýörite kesişdirip getiren syrdam şahalarymdan kiçijik çadyr gurnamaga başladym. Günüň ýa-da ýagşyň astynda zaýalanyp biljek ähli goş-golamlary çadyryň içine daşadym. Adamlaryň ýa-da ýyrtyjy haýwanlaryň duýdansyz hüjüm etmeginden goranmak üçin, boş ýatan sandykdyr çelekleri çadyryň daş-töweregine üsti-üstüne münderläp, aýlap çykdym.
Şol işi birýüzli edip, girelgäniň daş ýüzüne bir boş sandygy dikligine söýäp goýdum, iç ýüzünden bolsa tagtalary germeşdirdim. Soňra ýere düşek ýazynyp, iki sany sapançany başujumda, tüpeňimi bolsa gapdalymda goýdum. Halas bolanymdan soň ilkinji gezek ýorgan-düşekde ýatyşymdy. Telim günüň ýadawlygyndan ýaňa halys bolup, gözüm bürlüp duransoň, uzakly gije hezil edip uklapdyryn. Sebäbi öň ýanyndaky gije örän az uklapdym, ertesi bolsa, günuzyn gämiden şonça goş-golamy sala ýükläp, kenarýakada üýşürip goýmak üçin işläp halys ýadapdym.
Indi meniň näme diýseň tapdyrýan juda uly ammarym bardy, ýeke adam henize çenli munça zat ýygnan däl bolsa gerek. Ýöne bular entek gözüme az görünýärdi; gämi şol

öňki bolşuna abat durka, alyp boljak zatlaryň ählisini beýläme geçirmegi hökman hasapladym. Şonuň üçinem her gün gaýtgynyň başlaryna mähetdel gämä barardym-da, boş gaýtmazdym. Esasan hem, üçünji gidişimde duş gelen urgandyr ýüpleri, inçe kendirleri, olardan başga-da ýelken ýamamak üçin ulanylýan bir top kendir matany, ozalky sapar gämide galdyryp gaýdan içi öl därili çelegimi kenara äkeldim. Bir söz bilen aýdanyňda, men ýelkenleriň birini goýman sypyryp alyp, çadyra getirdim; ýöne olary kesişdirip, bölek-bölek edip daşamaly boldum; sebäbi olar indi ýelken bolup derde ýarajak däldi, ýöne mata hökmünde welin tüýs maňa geregidi.
Emma göwnümi göterip, ganat beren zat iň soňunda eken. Şeýdip gämä bäş-alty ýola gidip gelip, indi-hä ol ýerde alara-goýara zat galan däldir diýip pikirlenip otyrkam, men, atdanlykda, içi külçeden dykylyp doldurylan äpet çelek, üç sany romly çelek, bir guty şeker bilen bir çelek ýokary hilli bugdaý ununyň üstünden baraýmanmy! Begenjimiň çägi bolmady, sebäbi gämide suw degip zaýalanandan başga azyk önümi bardyr öýdüp kelläme-de gelmeýärdi. Mähetdel etmän, çelekdäki külçeleri çykaryp, ýelkene dolap, telim düwünçek edip daňyşdyrdym. Garaz, şeýdip, olaryň hemmesini ilik-düwme kenara getirip düşürdim.
Ertesi gün ýene-de gämä bardym. Göterip biläýjek zatlarymy syryp-süpläp, uşlyp ýaly zat goýman, gämini bireýýäm taňkyradyp taşlamsoň, bu gezek tanaplaryň daşyna geçdim. Uzyn tanaplary güýjüm ýeter ýaly edip çapyşdyryp, gämiden iki sany tanap bilen bir labyr urganyny, şeýle hem goparyp bilen demir böleklerimi gäminiň erňeginiň ýanyna üýşürdim. Soňra bolsa, goşmaça ýelken bilen artky bogaldagyň reýlerini, başga-da dişim ötäýjek nawlary kesip, çapyp, olardan uly sal ýasaga-da, hälki agyr ýükleriň barysyny şonuň üstüne mas ýükläp, kenara alyp gaýtdym. Emma bu gezek meniňki ugruna bolmady; sal şeýlebir tagaşyksyzdy, üstüne-de, şeýlebir köp ýük urulgydy welin, öňki gezekler ýükleri düşüren aýlagjygyma giren mahalym, ony ozalkylar ýaly çalasynlyk bilen ugrukdyryp bilmän, halys boldum. Şeýdibem, sal agdaryldy, menem ýüküm zadym bilen bilelikde suwa gaçdym. Özüm barada aýtsam, bitimiň burny ganamady, çünki ýykylan ýerim kenara ýakyndy; ýöne ýüke gezek gelende, onuň agramly bölegi, esasan hem, maňa uly kömegi deger diýip tama eden demir abzal-gurallarym suwuň düýbüne gitdi. Her niçik-de bolsa, daşgyn yza çekilen wagty, men tanaplaryň köpüsini, az-kem demir abzallary itiň gününi görüp, kenara daşadym; her gezek suwa çümüp, elim bilen ýer sermäp ýörmek halys haýymy alyp, ysgyndan gaçyrdy. Şondan soň, men gün yrman gämä gatnap, hiç bir zady dannaman öz mesgenime daşadym.
Ada gelip düşenime laýyk on üç gün bolupdy, şu çaka çenli gämä on bir gezek baryp gaýdyp, bir adamyň daşap biläýjek bar zadyny kenara getiripdim. Howanyň asudalygy bozulman duranda, tutuş gämini bölek-bölek edip arkaýyn daşap gutarardym. Ýöne on ikinji gezek gitmäge taýýarlanyp ýören wagtym, şemal turup ugranyny gördüm. Barybir, men gaýtgyn başlansoň, ýene-de gämä bardym. Otagyny elek edip dörüp çykanym sebäpli, indi idili zat duşar öýtmän durkam, birdenkä iki sany çekerli şkafjygyň üstünden bardym; çekerleriň birinden üç sany päki, ullakan gaýçy hem-de on-on iki sany pyçakdyr çarşajyk; beýleki çekerden bolsa jemi otuz

alty funta barabar ýewropa we brazil teňňeleri, az-kem piastr hem-de altyn-kümüş çykdy.

Bu pullary görenimde, öz ýanymdan ýylgyryp: «Päheý-de welin! — diýip goýberdim-de, — sen nämä derkar diýsene? Sen gyzan bazarda gara pula geçjek däl, eglip ýerden götereniňe degmeýärsiň. Şu pyçaklaryň ýekejesi tutuş topbagyňdan müň esse gowy. Seni başyma ýapaýynmy diýsene; ýatyber şol öňküje ýeriňde, isleseň dik-başaşak deňziň düýbüne bök, menden saňa haraý bolmaz!» — diýip oýlandym. Ýöne birsellem böwrüme diň salyp duramsoň, teňňeleriň barysyny bir bölek ýelkene dolap, ýanyma aldym. Soňra sal ýasamaga hyýallanyp, işe çemeleşen mahalym, asman garalyp, kenarýaka tarapdan şemal öwüsmäge başlady. On bäş minutdan onuň yzy örän güýçli ýele ýazdy. Ýel kenar tarapdan öwsüp durka, sal ýasan bolup oturmagyň bihuda boljagyna bahym düşündim. Tolkunlar beýgelmänkä, hökman kenara baryp ýetmegim zerurdy, ýogsam kenara aşyp bilmezligim gaty ähtimaldy. Şeýlelikde, özümi suwa oklap, gämi bilen çägeli kenaryň aralygyndaky suw zolagyndan ýüzüp geçdim. Bir tarapdan egnimdäki zatlaryň agramy, beýleki tarapdan, gabat-garşymdan uryan tolkunlar, garaz, ýüzüp geçmek maňa hupbat baryny berdi. Ýel bolsa sähel salymda güýjäp, heniz daşgyn ýokary galmanka, harasada öwrüldi.

Ýöne ol wagta çenli men eýýäm çaklaňja çadyrymda, ähli baýlygymy daşyma üýşürip, arkaýyn ýatyrdym. Uzak gije dynuwsyz gaý turdy. Ertesi jahan ýagtylyp, Gün dogansoň, seredip görsem gämiden nam-nyşan galmandyr! Men birbada howpurgajak boldum, ýöne gämidäki derde ýarajak zatlaryň barysyny wagt ýitirmän, haýal-ýagallyk etmän, alyp gaýdanym ýadyma düşüp ýüregim ynjaldy. Hakykatdan hem, wagtym has köp bolaýanda hem, barybir, indi gämide meňki bolsun diýer ýaly zat galmandy.

Şondan beýläk men gämi barada, onda galan uşak-düşek närseler barada pikirlenmämi goýdum. Ýöne tolkunlaryň onuň galan-gaçan böleklerini kenarýaka çykaryp taşlan bolmagy hem mümkindi. Hakykatdan hem, kenarýakada gäminiň her tüýsli agaç-ugaçlary dagaşyp ýatan ekeni, emma olaryň maňa onçakly nepi degmedi.

Bardy-geldi adada ýabany adamlar ýa-da wagşy haýwanlar ýaşaýan bolsa diýip, indi meniň bar oý-pikirim şolardan özümi goramakdy. Uzak wagtlap «nähili edip goranmaly, nähiliräk öý gurunmaly — ýeri köwüp, gowak gazynmalymy ýa-da ykjam bir çadyr gurnamalymy» diýip kelläm halys huma döndi. Ahyrsoňy, şolaryň ikisini hem gurmaly diýen netijä geldim. Öýümi gurşum barada gürrüň berip, ony birneme suratlandyrsam kem bolmazmyka diýýärin.

Şu wagtky oturan ýerimiň ýurt tutunmaga ýaramly däldigine bahym göz ýetirdim, sebäbi ol deňziň edil alkymyndaky batgalyk çöketde ýerleşýärdi. O taýy saglyga-da zyýanly bolarlydy. Ýöne, iň esasy zat, onuň golaýynda süýji suw ýokdy. Şeýle bolansoň, men saglyga we ýaşamaga has ýaramly mesgen tapmagy ýüregime düwdüm.

Häzirki ýagdaýymda öý üçin derwaýys bolup duryan birnäçe meseläni göz öňünde tutdum: birinjiden, ol süýji suwly, saglyga oňaýly ýerde bolmalydy; ikinjiden, Günüň jöwzasyndan goramalydy; üçünjiden, meni isle adam bolsun, isle haýwan, her tüýsli wagşy ýyrtyjydan penalamalydy; dördünjiden bolsa, ol ýerden deňiz görünýän

bolmalydy, sebäbi Biribar garaşyk edip, bir gäminiň ýoly bu adanyň üstünden düşäýse, halas bolmak mümkinçiligini elden gidermeli däldim. Men halas bolmakdan entekler rişdämi üzerli däldim.

Şulara kybap gelýän ýer gözläp ýörşüme, ýokaryk beýgelip gidýän bir baýryň ýapgydynda kiçiräk tekizlige duş geldim. Baýryň şol tekizlikden ýokarlygyna galýan eňňidi edil kert diwar ýaly abanyp duransoň, ýokardan aşak togalanyp gaýtjak zat ýokdy. Şol kert ýapgydyň böwründe azajyk opurylyp, edil gowagyň agzyna çalym edip, bir köwek garalyp durdy, ýöne gaýanyň içine girip gidýän hiç hili gowak ýa-da sümelge ýokdy.

Men, ana, şol köwegiň öň ýanynda gök otlaryň ösüp oturan ýerine öz çadyrymy gurmagy ýüregime düwdüm. Bu meýdançanyň ini ýüz ýard, uzynlygy bolsa iki ýüz ýard töweregidi, ol çadyr gurjak ýerimiň öňünde gül-pürçük çemenzarlyk bolup ýaýylyp ýatyrdy; meýdançanyň aýagujunda bolsa baýyr deňziň ýakasyndaky çöketlige tarap birsydyrgyn peselip gidýärdi. Ol baýryň demirgazyk-günbatar tarapyndaky ýapgytda ýerleşýärdi. Şonuň üçin, Gün aýlanyp, tä günorta-günbatara geçýänçä, ýagny adada Gün ýaşar uçurlaryna çenli, bu künjek uzakly gün ýalynly epgekden goralýardy.

Çadyr gurup başlamakdan öň köwegiň öňünden radiusy gaýa çenli on ýarda ýetýän, iki gapdalynyň arasy ýigrimi ýarda barabar ýarym tegelek çyzdym.

Syrdam agaç sütünlerini şol çyzygyň uzaboýuna iki hatar edip dikdim-de, çuň edip ýere kakdym. Ýerden bäş ýarym fut ýokaryk saýlanyp duran şol sütünleriň uçlaryny ýiteldip çykdym. Hatarlaryň arasy alty dýuýmdan giň däldi.

Soňra gämiden kesip äkelen tanaplarymy aldym-da, üst-üstüne seteran goýuşdyryp, ýaňky iki hatar sütüniň aralygyny çür başyna çenli dykalap dolduryp aýmança ýasadym. Onuň iç ýüzünden bolsa uzynlygy iki ýarym futa dagy ýetýän söýgetleri direşdirip goýdum. Aýmança şeýlebir mäkäm boldy welin, adam hem, ýyrtyjy haýwan hem sümlüp ýa-da üstünden aşyp biljek däldi. Bu iş, esasan hem, tokaýa gidip pürs çapmak, olary daşamak hem-de ýere kakyp çykmak juda köp wagtymy alyp, halys sütünimi süýndürdi.

Bu howla girmek üçin men gapy däl-de, eýsem haýatyň üstünden oklanýan keltejik merduwan ýasadym; içerik giren wagtym, ony aýryp goýsam bolanydy. Şeýlelikde, pikir edişimçe, men berkitmäniň içinde daşarky dünýäden birkemsiz goragly halda, gije parahat uka gitdim, başgaça bolanda beýle arkaýyn ýatyp bilmezdim. Emma, soňundan ýüze çykyşy ýaly, was-wasa düşüp, hyýalymda döreden duşmanlarymdan goranjak bolup, beýle ätiýaç etmegiň hajaty hem ýok eken.

Muşakgat baryny çekip, baýlyklarymy, azyklarymy, ýaraglarymy hem-de öň sanap geçen goş-golamlarymy şol aýmança ýa-da gala daşadym. Soňra şol ýerlerde ýylyň bellibir möwsüminde örän güýçli ýagýan çagbaly ýagyşlardan goranmak üçin, köwege ýanap, ikigat uly çadyr gurdum. Ýagny ilki bilen kiçeňräk çadyr, onuň daşyndan bolsa, has uly çadyr dikdim. Onuň çür depesini bolsa ýelkenler bilen bilelikde gämiden alyp galan, agaç şiresi siňdirilen bir bölek çadyrym bilen basyrdym.

Şondan beýläk men kenarýakadan alyp gelen düşejigimde däl-de, birwagt gämibaşynyň kömekçisine degişli bolan ajaýyp torsallançakda ýatmaga başladym. Ähli azyk-owkatlary we ýagyş ýaganda zaýalanyp biljek zatlaryň hemmesini çadyryň içine saldym. Şeýdip, ähli goşlarymy jaýba-jaý tertiplänimden soň, şol çaka deňiç açyp goýan girelgämi jebis ýapdym we öň aýdyşym ýaly, keltejik merduwan bilen girip çykyberdim.
Bu işleri boldum edip, gaýanyň böwründen gowak gazmaga girişdim. Ony gazyp gutaramsoň, köwläp çykaran daşdyr gum-keseklerimi çadyryň içi bilen çekip, howla eltip dökdüm. Onsoň olary tekizläp, ýazyşdyryp çykdym welin, howlynyň teýi bir ýarym futa golaý beýgeldi duruberdi. Indi çadyryň dek arkasynda duran bu gowak şondan soň ýerküme bolup hyzmat etdi.
Şu işleriň barysyny birkemsiz sünnäläp dynýançam, ençeme günläp agyr zähmet çekmeli boldy. Indi bolsa, şol aralykda oý-pikirimi eýelän birnäçe zat barada gürrüň edip bereýin. Entek çadyr gurnap, gowak gazmaga hyýallanyp ýören mahallarym, birdenkä asmanda agyr gara bulutlar ýygnandy-da, gök gümmürdäp, aýylganç ýyldyrym çakyp, yzyndanam aldajy ýaly çabga guýup başlady. Men ýyldyrymdan kän bir gorkmadym, ýöne beýnimde ýyldyrymdan beter bolup çakan pikir ýüregimi agzyma getirdi: «Därili çelekler!» Ýyldyrymyň ýeke urgusynda bar därili çelekleriň partlap, külüniň göge sowruljagy göz öňüme gelende ýüregimiň tary üzülen dek boldy. Diňe bir özümi goramak däl-de, eýsem, aw awlap, azyk edinmek hem dolulygyna ok-därä baglydy. Janyma nähili howp abanjagy hakda pikir hem etmeýärdim, eger därä ot düşen bolsa, näme bolanyny-da aňşyrjagam däl ekenim.
Şol waka maňa şeýlebir güýçli täsir etdi welin, tupanyň sowularyna mähetdel, öý gurunmak, ony berkitmek boýunça ähli işimi taşladym-da, därini bölekläp guýuşdyrmak üçin haltajykdyr guty taýýarlamaga girişdim. Herhal, hemme däriniň birden ot alyp, ýarylmazlygy üçin ony dürli ýerlerde azajyk-azajykdan ýygnap goýmagy karar etdim. Biri-birine degmän duransoň, bir bölek därä ot düşäýende-de, beýleki bölekler abat galjakdy. Bu işi iki hepde çemesi wagtda gutardym. Jemi agramy iki ýüz kyrk funta golaýdyr diýip çak edýän därimi pesinden ýüz bölege bölüp, haltajyklara, gutulara salyp goýdum. Öl därili çelekden hiç hili howatyr etmän, ony özümçe «aşhana» diýip at berýän gowagyma ýerleşdirdim. Haltajyklar bilen gutulary bolsa, gaýalaryň çyg çekmejek bukuja jaýryklaryna dykyşdyryp gizledim-de, şol ýerlere örän seresaplyk bilen çelgi goýup çykdym.
Şu aladalar bilen gümra bolup ýören wagtymda, men ünsümi bölüp, göwün açmak hem-de aw awlamak üçin günde iň bolmanda bir sapar elim tüpeňli gezelenje çykýardym. Adada nähili ösümlikleriň, agaçlaryň ösýänini bilesim gelýärdi. Eýýäm ilkinji gezelenjimde adada geçileriň bardygyny bildim. Muňa begenjimden ýaňa iki bolup bilmedim, ýöne içiňi ýakaýyn diýen ýaly, olar biçak ýüwrük, juda sarçdan gelen duýgur janawar eken, asyl, garaňy gördükleri bes, gaçyp ummadan çykaýýar, eger-eger zygam etdirmeýär. Emma bu ýagdaý meni ruhdan düşürmedi; ahyr bir gün ol geçileriň birini kaklajagyma gözüm ýetip durdy. Şeýle-de boldy. Günleriň birinde bularyň üýşýän otlagyny tapdym-da, assyrynlyk bilen edähetlerini aňtap başladym. Geçiler gaýalyklaryň üstünde imisala gezişip ýörkä, men jülgäniň içi bilen bukdaklap

barybersem, ýaňky zaluwatlar derrew tebil tapyp, gözden gaýyp bolýardy; onsoň geçiler jülgä otlamaga düşen wagty dagyň üstüne çykanymda welin, olar äwmän gökje otlary gütürdedip ýör. Muny görüp: bu janawarlar diňe aşakdaky zatlary görýär, özlerinden ýokarrakdaky närseleri bolsa kän bir saýgaryp bilmeýär diýen netijä geldim. Şondan soň şeýle hilä ýüz urdum: hemişe golaýdaky gaýa dyrmaşyp, usul bilen geçileriň dik ýokarysyna çenli ýapyrylyp bardym, şonda olar diýseň gowy nyşana boldy.

Birinji atan okum bir owlakly geçini öldürdi, onuň heniz süýtden aýrylmadyk owlagyny görüp, gaty haýpym geldi. Enesi gürpüldäp ýykylansoň, owlajyk onuň ýanynda gymyldaman duruberdi. Enesini egnime atyp, howlyma bakan ýöräp gaýdan wagtym, owlajygam dikgirdäp yzyma düşdi. Şeýdip, howla gelip ýetdik. Onsoň geçini ýerde goýup, owlajygy elime aldym-da, haýatdan aňryk geçirdim. Owlagy eldeki etmekçi boldum, ýöne entek otugmany üçin, soň ony huruş edinmeli boldum. Geçi bilen owlagyň eti maňa uzak wagta ýetdi, sebäbi azygymy, aýratyn hem çöregimi tygşytly tutjak bolup, başardygymdan juda az-azdan iýýärdim.

Ýurt tutunyp, ymykly ornaşanymdan soň, indi ot ýakar ýaly ojak gurmagyň hem-de ýakmaga odun ýygmagyň örän zerurdygyny gördüm. Bu işiň hötdesinden gelşim, gowagy giňeldişim hem-de özüm üçin amatly şertleri döredişim barada men ýeri gelende jikme-jik gürrüň bererin. Ýöne ondan öňinçä özüm barada, şol wagt, elbetde, kellämde hyň berýän birgiden oý-pikirler hakynda aýdyp bereýin.

Ýagdaýym örän gamgyn görünýärdi. Gaý-tupan sebäpli, ýolumyzdan doly azaşyp, deňizdäki söwda ýollaryndan ýüzlerçe liga sowa geçip, yns-jyns ýaşamaýan şu çola ada gelip düşmegimi, indi şu ýerde ömrümiň ahyryna çenli gaýgy-hasrata gark bolup tenha ýaşamagymy owaldan maňlaýyma ýazan Biribaryň eradasy bilen baglanyşdyrmaga mende doly esas bardy.

Şu pikirleri serimde aýlabersem, gözümden boýur-boýur ýaş dökülip, kämahal bolsa: «Perwerdigär öz ýaradan garawsyz bendelerini nä sebäpden beýle horlap, maňlaýyny gara edýärkä, näme üçin munça muşakgata sezewar edýärkä, ýeri, onsoň şu zeýilli ýaşaýşa neneň şükür etmelikän» diýip, öz etimi özüm iýerli bolýardym.

Ýöne, hemişe diýen ýaly bir zat şol pikirlerime böwet bolup, meni günüme goýmaýardy. Günleriň birinde geň bir waka boldy. Elime tüpeňimi alyp, deňziň boýuny syryp ýöräp barýardym. Başymdan düşen ahwalata akyl ýetirip bilmän, öz günüme ýanyp barşyma, birdenkä paýhasym başgaça gürläp başlady: «Ýeri bolýarda, seniň çykgynsyz güne düşeniň hak. Ýöne bir zady berk belle: seniň gämideş ýoldaşlaryň hany? Siz gaýyga on bir adam bolup münmediňizmi; hany, onda galan on adam? Näme üçin olar heläk bolup, ala-böle sen aman galaýdyňkaň? Bu kysmatlaryň haýsy biri gowy, oňatja oýlan bakaly!» Şol wagt deňze tarap göz aýladym. Dogrudan-da, ähli towky-belalary ýagşy närseler bilen bilelikde terezä salmaly eken, «Her işde bir haýyr bardyr» diýleni-dä.

Aslynda, daş ýany bilen gerek-ýaragymyň bardygy hakydama geldi. «Päh-eý, muňa bir sered-ä, eger gämi ilki çägelige süsdürilen ýerinden gije deňze gidip, ýüz müňde bir ähtimallyk bilen, kenara ýene ýanaşmadyk bolsa, onda şonça abzal-guraly, azyksuwlugy nädip kenara daşardymkam? Eger kenara ilkibaşda gelip düşenimdäki ýaly,

hiç zatsyz iki elimi burnuma sokup galaýanymda bolsa, şu wagt günüme gar ýagyp, halyma it aglardy. Aýratyn-da, tüpeňsiz, ok-därisiz, abzal-guralsyz näme işlärdim? — diýip, öz-özüme ýüzlendim. — Geýmäge egin-eşiksiz, ýatmaga ýorgan-düşeksiz, kellämi sokmaga çadyrsyz nä hala düşerdim?» Häzir bolsa, şu zatlar mende näçe diýseň bardy. Hatda ok-därim gutaryp, tüpeňsiz galaýanymda-da, öz başymy özüm çarar ýaly, ähli üpjünçiligimi sazlap ýördüm. Ýaradanyň berenje ömrüni zada mätäç bolman ýaşap biljegime az-kem ynamym bardy. Aslynda, turuwbaşdan nähili kösençlikleriň bolup biljegini çak edip, diňe bir ok-därim tükenmän, eýsem saglygymyň gowşan, dyzymda gurbat galmajak günleri hem göz öňünde tutup, alada edip başlapdym.

Boýnuma alaýyn, därili çeleklerimiň ýekeje partlamada püçege çykmagyndan, has dogrusy, olary ýyldyrym urup, külüniň göge sowrulmagyndan howatyr edýärdim. Şonuň üçin-de şu wagtky ýaly, gök gümmürdäp, ýyldyrym çakyberse, ýüregime dowul düşüp, inim tikenekläberýärdi.

Indi bolsa, megerem, şol wagta deňiç dünýäde görlüp-eşidilmedik imisala ýaşaýşyň gamgyn günlerine gadam goýýanym üçin, şol hekaýatymy başdan-aýak yzygiderli gürrüň bereýin. Meniň hasabym boýunça, ilkinji ýola şu elhenç ada 30-njy sentýabr güni aýak basypdym. Şol wagt gije-gündüziň güýzki deňleşmesi bolansoň, Gün süýr depämden geçýärdi; şony çaklap eden gözegçiligime görä, ada ekwatordan 9 gradus 22 dereje demirgazykda ýerleşýän bolmalydy.

Adada ýaşap ýörenime on-on iki gün bolansoň, birdenkä kitapdyr ýelekgalam bilen syýanyň ýokdugy sebäpli, wagtyň hasabyny ýitirip, ahyrsoňy hatda ýekşenbe günlerini hem ýatdan çykarmagymyň mümkindigi kelläme geldi. Muňa ýol bermezlik maksady bilen, men başda kenara çykan ýerime bir ýogyn pürsi togalap eltip dikdimde, bir tagtanyň ýüzüne baş harplar bilen: «Men 1659-njy ýylyň 30-njy sentýabr güni şu kenara gadam basdym» diýip, pyçak bilen köwläp ýazaga-da, ony atanaklap ýaňky pürse çüýledim.

Şol sütüniň böwrüne her gün pyçagym bilen bir kertijek goýup ugradym; alty sany kertikden soň ýedilenjini ýekşenbe güni hökmünde has uzyn edýärdim; her aýyň birinji kertigini bolsa ondanam uzyn edip goýýardym. Şeýlelikde, günleri, hepdeleri, aýlary we ýyllary öz içine alýan senenama ýöredip başladym.

Eýýäm aýdyşym ýaly, birnäçe ýola gatnap, gämiden daşan bir topar goşlarymyň arasynda onçakly gymmatbahaly däldigi üçin şu wagta çenli agzalmadyk zatlaram köpdi, olaryň maňa uly kömegi hem degipdi. Meselem, gämibaşynyň, onuň kömekçisiniň, topçynyň we agaç ussasynyň otaglaryndan birnäçe ýelekgalam, syýa, petde-petde kagyz, üç-dört sany kompas, telim sany matematiki enjam, gün sagatlary, dürbüler, geografik kartalar we nawigasiýa hakdaky kitaplar çykdy. Men olaryň hemmesini gerek bolsa-bolmasa üýşürip, bir sandyjaga saldym. Angliýadan getirdip, ýanym bilen alyp gaýdan goşlarymyň arasynda bolsa, üç sany örän ajaýyp Injil kitaby bar eken. Bulardan başga-da, men portugal dilinde ýazylan birnäçe kitabyň, şol sanda iki-üç sany katoliki doga-dileg kitabynyň we ýene şoňa meňzeş kitaplaryň üstünden bardym-da, olaram pugta ýygşyryp goýdum. Ýogsa-da, gämide bir it bilen iki sany pişigiň hem bolanyny ýatlap geçeýin, maý tapsam, bu jandarlaryň adadaky geň-enaýy

ýaşaýyşlary barada hem kem-käs gürrüň bererin. Pişikleri sala mündürip alyp gaýdypdym, it bolsa, meniň gämä birinji gidişimiň ertesi güni jülpüldäp, özüni suwa urdy-da, yzym bilen ýüzüp gaýdyberipdi. Ol köp ýyllap maňa wepaly hyzmat etdi. Guýrugyny bulaýlap, agzy bilen odujak-budujak äkelip berýärdi, ýekesiremez ýaly maňa ýoldaş bolýardy. Men welin, bu dilsiz janawaryň dil açyp, gümür-ýamyr etmegini näler arzuw edýärdim. Eýýäm belläp geçişim ýaly, gämiden ýelekgalam, syýa hem-de kagyz tapyp alypdym. Olary eşrepi ýaly eý görüp saklaýardym. Syýanyň iň soňky damjasyna çenli sarpaly ulanyp, bar zady bolşy-bolşy ýaly ýazyp çykdym; ýöne ol gutaransoň welin, ýazgylarymy bes etmeli boldum, sebäbi her hili täre ýüz ursam-da, syýa ýasap bilmedim.

Şunça hil-hil gurallary jemläp goýanyma garamazdan, syýadan başga-da entejikler köp zadyň zerur boljagyna göz ýetirdim; ne-hä ýer gazmak ýa-da mellek işlemek üçin pil, kerkidir kätmen bardy, ne-de tikin-çatyn üçin iňňe-sapak. Egin-eşigiň bolsa, düşnügi hem ýokdy, ýöne kän bir kösenmän, şonsuz oňňut etmegi gaty bahym öwrendim.

Gurallaryň ýetmezçiligi sebäpli bar eden işlerim juda haýal we kynlyk bilen öndi. Agaç haýatjygy gurup, öýümiň daşyna aýmança aýlap gutarýançam, tas arly ýyl gerek boldy. Tokaýa girip, agyrlygy biliňi uçuryp gelýän ýogyn nawlary, syryklary çapyp, pudarlap, yzyndanam süýräp öýe getirmek örän köp wagta çekýärdi, hatda käte şol pürsleriň diňe ýekejesini çapyp, öýe äkelýänçäm, iki gün gerek bolýardy, çukur gazyp ýere kakýançam bolsa, üçünji gün geçip gidýärdi. Syryklary kakmak üçin ilkibaşda bir agyr taýak ulandym, soň gämiden äkelen demir külüňlerim ýadyma düşdi, bu meniň ýükümi ýeňletse-de, barybir, gazyklary ýere kakyp çykmak örän surnukdyryjy, güzaply iş boldy. Ýöne men muňa biynjalyk bolmaýardym, näçe diýseň wagtym bardy, gurluşyk işleri gutaransoň, barybir, başga edere işim ýokdy ýa-da häzir hyýalyma gelmeýärdi. Emma azyk gözlemek üçin gün yrman diýen ýaly ada aýlanýardym.

Şol arada, öz ýagdaýym hem-de başyma düşen ahwalatlar barada çynlakaý oýlanyp ugradym we hal-ýagdaýymy ýazga geçirmäge girişdim, meniň gara-gaýgym ýeldirgän dek her günki pikirlerimi taraşlap, özümden soň bu jelegaýlara ygyp düşäýmegi ähtimal iki-ýeke biçäre bendä ýatlama galdyrmak däldi. Pähim-paýhasym lapykeçlikden rüstem gelip başlansoň, başardygymdan öz-özüme göwünlik berýärdim, öz ahwalymy has beterlerinden aýyl-saýyl etmek üçin ak bilen garany, gowulyk bilen erbetligi aýralap başladym. Men alaga-da, şatlykly we gynançly ýagdaýlarymy edil algydar bilen bergidar ýaly, gylyny gymyldatman beýan etdim. Ine, ol şeýleräk:

*Erbet:* Men adam aýagy düşmedik elhenç ada düşdüm, halas bolmagyma hiç hili umydym ýok.

*Gowy:* Ýöne men diri, gämidäki ýoldaşlarymyň barysy gark boldy, bir men diri galdym.

*E:* Dünýädäki şunça adamyň arasyndan ala-böle men şu külpete sezewar boldum.

*G:* Emma ähli deňizçilerden bir men ajal meýini içmän galypdyryn, diýmek, meni ölümden gudrat bilen alyp galan kim bolsa, ol meni şu wagtky ýagdaýymdanam halas edip biler.
*E:* Men adam oglundan örki üzülen, adamzat jemgyýetinden mahrum edilen terkidünýä.
*G:* Emma men açlyk çekip, azyk-suwluga zar bolup, bu çola ýerde guma siňip gitmedim.
*E:* Meniň eginbaşym az we tiz wagtdan egnime atar ýaly ibaly zat galmaz.
*G:* Emma bu ýeriň howa şertleri yssy, geýim-gejimsiz hem oňup boljak.
*E:* Meniň adamlaryň ýa-da ýyrtyjy haýwanlaryň hüjüminden goranmaga ýagdaýym hem ýok, serişdäm hem ýok.
*G:* Emma gelip düşen adamda ilat ýok. Afrikanyň kenarynda görenim ýaly howp saljak ýekeje ýyrtyjy haýwan hem heniz gabat gelenok. Gämi şol ýerde gark bolup, kenara çykan bolsam halym niçik bolardy?
*E:* Bu ýerde hemsöhbet bolup, göwnüme dalda bolar ýaly hiç kim ýok.
*G:* Emma, keremli Biribar gudratyny görkezip, biziň gämimizi kenara şeýle ýakynladyp goýupdyr welin, men diňe bir ölmez-ödi günümi görer ýaly zerur närseleri däl-de, eýsem tä ömrüm paýawlap, kazam dolýança, ýeterlik güzeranymy dolarym ýaly ähli mümkinçilikleri hem edindim.
Bu ýazgyda şu zeýilli erbet ýagdaýyň dünýäde juda seýrek duş gelýänini mese-mälim subut edilýärdi, emma her bir erbet ýagdaýa derek hökman şükür eder ýaly bir gowy zat bardy. Dünýädäki iň agyr betbagtlyklardan edinýän tejribelerimize esaslanyp, ahyrsoňunda şeýle ýörelgä gol berýäris: ýagny betbagtlykdan hem ýüregimize aram berýän närseleri tapyp, ýagşyny-ýamanyny terezä salanymyzda, şol närseleri tereziniň bizlik tarapyna goýup bilýäris.
Şeýlelikde, göwnüm az-kem ynjalyk tapyp, ýagdaýym bilen öwrenişip başladym. Heý, bir gämi gözüme ilmezmikä diýip, zol-zol deňze bakan esewan etmämi hem goýdum; gepiň külesi, bu zatlardan ýaňa tamamy üzemsoň, öz ýaşaýyş şertlerimi gowulandyrmagyň we gündelik hysyrdylarymy başardygymdan aňsat etmegiň ugruna çykdym.
Mesgenim barada eýýäm gürrüň beripdim. Çadyrym kert gaýa böwrüni berip otyrdy, onuň degre-daşyny bolsa syrdam pürsler bilen tanaplardan gurlan agaç haýat gabsap durdy. Ýöne bu haýata indi diwar diýsem has laýyk bolar, sebäbi onuň daş ýüzüne jebis ýanap, galyňlygyny iki fut çemesi edip bajakly gum galdyryp çykdym. Şondan esli wagt (ýadyma düşüşine görä, ýyl ýarym) geçensoň, men onuň üstüne uzyn nawlary goýup, dagyň eňňidine söýedim, nawlaryň üstüne bolsa, agaç şahalaryny oklaşdyryp, çöp-çalam bilen ymykly basyrdym. Şeýdip, ýylyň belli döwürlerinde juda gazabyna tutýan ýagyş-ýagmyrdan penalanar ýaly, howlyma üçek ýasadygym boldy.
Hemme goş-golamymy şu howla hem-de arka tarapdan köwen gowagyma çekenim hakda ozal aýdyp beripdim. Ýöne ýene bir belläp geçmeli zat: ilkibaşda goşlar terslin-oňlyn münderlenip ýatyrdy. Olar bulam-bujar bolup bar ýeri tutup duransoň, asyl ýöne, eýläňe-beýläňe aýlanyp-öwrülere maý ýokdy. Şony nazarda tutup,

gowagymy has-da aňyrlygyna köwüp giňeltmäge girişdim. Sebäbi dagyň şol künji çägesöwden ýumşakdy, işledigimçe ap-aňsat opurylyp barýardy. Şeýdip, adada janyma howp saljak ýyrtyjy haýwanlaryň ýokdugyna-da ymykly göz ýetirenimden soň, sag gapdal tarapa — gaýanyň jümmüşine bakan gazyp başladym. Onsoň şol ugur bilen esli ýol ýasap köwdüm-de, ýene sag tarapa bakan ötelge gazyp, howlymyň, has dogrusy, berkitmämiň daş ýüzünden dagy böwsüp çykdym. Ol diňe bir çadyr bilen ammara arkaýyn girip-çykmaga mümkinçilik berýän gizlin ötelge bolman, eýsem goş-golamlarymy saýhallap goýuşdyrmaga giňiş ýer hem döretdi.
Soňra mähetdel etmän, iň bir zerur diýip hasap edýän zatlarymy, öňi bilenem stol bilen oturgyç ýasamaga girişdim; şolarsyz şu adada nesibäme düşen ujypsyzja eşretleriň-de ibaly mazasy ýokdy; stolsuz ne bir oňly iýip-içip bolýardy, ne-de hat-ýazuw ýa-da başga zatlar bilen meşgullanyp bolýardy. Ine, onsoň ýeňimi çyzgap işe başladym. Şu ýerde men ýene bir zady belläp geçmeli, ýagny adamzadyň akyly matematikanyň özeni hem-de gözbaşy bolup durýany sebäpli, ähli närseleri akyly bilen kesgitläp, jaýba-jaý rejelemek hem-de iň bir paýhasly netijeleri çykarmak arkaly her bir adam wagtyň geçmegi bilen, islendik senetde ussatlyk derejesine ýetip bilýär. Men ömrümde elime abzal-gural alyp gören adam däldim, emma yhlasym, janypkeşligim, işjanlylygym bilen, onda-da gerekli abzallar bar bolanlygynda, agaç ussaçylygyndan baş çykarjagyma kem-kemden göz ýetirdim. Şonda-da, hatda hiç hili abzal-guralsyz hem esli zat ýasadym; olaryň aglabasyny, belkem, henize — bu güne çenli görülmedik usul arkaly, diňe birje paltadyr rende ulanyp, köp zähmet sarp edip taraşladym. Meselem, diýeli, maňa tagta gerek bolan wagty, hökman bir agajy çapyp, kese ýykmakdan, tä mazaly ýasylaşyp, ýukalýança, onuň iki tarapyny palta bilen ýonup taslamakdan hem-de rendeläp ýylmamakdan başga alajym ýokdy. Dogrusy, şol usul bilen tutuş bir agaçdan ýekeje tagta çykaryp bilýärdim; ýöne ýeke tagta ýasamak üçin sarp edýän ummasyz köp wagtym bilen azabyma derek diňe sabyr etmekden başga elimden geljek zat ýokdy, emma wagtym bilen azabyma bigadyr bolansoň, olary nämä sarp edenimde hem kän bir parhy boljak däldi.
Şunlukda, öňem aýdyşym ýaly, ilki bilen stol we oturgyç ýasandym. Munuň üçin sala ýüklap gämiden alyp gaýdan keltejik tagta böleklerimi ulandym. Ýokarda düşündiren usulym bilen tagta baryny taraşlanymdan soň, ini bir ýarym futluk ýasy tekjeler ýasaşdyryp, gowagymyň bir gapdalyna uzaboýuna üst-üste diwara kakyşdyryp çykdym we gurallarymy, çüýleridir demir böleklerini şolaryň üstüne ýerleşdirdim. Garaz, şeýdip onda-munda pytrap ýatan zatlary tertibe salyp, aňsat tapylar ýaly edip goýdum. Tüpeňlerimi we başga-da asylmaly zatlarymy asyşdyrmak üçin gowagyň diwaryna gazyjaklary hem kakdym. Şol wagt, gowagymy adam-gara gören bolsa, ony hökman ähli zerur goş-golamlardan depilip doldurylan ammardyr öýderdi. Barja abzallar el ujunda örän gaýym bolup durdy welin, olaryň şeýlekin rejeli düzülip goýluşyny görmek gözüňi dokundyrýardy; hususan-da, näme diýseň tapdyrjak şunuň dek ammarymyň bardygy diýseň ajaýyp ahwaldy.
Şol işi bir ýan ýüzli edenimden soň, her gün näme işleri bitirenimi ýazyp, gündelik ýöretmäge başladym. Ony giç başlanymyň sebäbi ilkibada iş juda kändi we özüm örän hapadym, paýhasym örän bulanykdy. Şol pilleler gündelik tutan bolsam, ol

içgysgynç zeýrenişlerden doly bolardy. Aýdaly, meselem, şeýle zatlar ýazardym: «30-njy sentýabr. Gark bolmakdan halas bolup, kenara çykanymdan soň, ilki bilen deňizde ýuwdan şor suwlarymy ögäp-gaýtaryp, az-kem essime geldim. Ýöne halas edeni üçin gudraty güýçli Biribara şükür edenden geçen, dat-bidat diýip, kenarda ikibaka ylgaşlap, tä usurgap gözüm garaňkyraýança: «Wah, işim gaýtdy-la how!» diýip zowladyp gygyrdym. Ahyryn halys tapdan gaçyp, çiň arkan ýazylyp ýatdym; ýöne ýyrtyjylar düýt-müýt eder öýdüp, gorkyma gözüme uky girmedi».

Men şol günden başlap, hatda gämä şonça gezek gatnanymdan, alyp bilen zadymy daşap gutaranymdan soň hem, ençeme günüň dowamynda özüme erk edip bilmän, gözýetimde bir gämä gözüm düşer diýen umyt bilen, her gün kiçeňräk dag gerşine çykardym-da, deňze tarap gözümi dikip oturýardym. Şonda kämahal uzak gözýetimde akja ýelken görnüp giden ýaly bolýardy-da, meni şatlykly umytlar gurşap alýardy. Şol nokatjyga tarap garagym gapylara gelýänçä, çiňerilip durýardym. Ol gözden ýitip gidensoň welin, salgyma aldananyma içim ýanyp, edil çaga ýaly oturyp, möňňürip aglaýardym.

Ýöne, ahyrsoňy, şol zeýilli umyt-pikirlerden bellibir derejede saplandym. Özüme ýurt edinip, goş-golamlarymy tertibe salyşdyryp, stoldur oturgyç ýasandym, başga gerek-ýaraklaryma-da birlaý serenjam berdim. Ana, şeýdibem, gündelik ýöretmäge gezek geldi. Ýokarda eýýäm gürrüň beren wakalarymy gaýtalaýan-da bolsa, syýam gutaransoň ýazmagymy bes etmeli bolan şol gündeligimi aşakda dolulygyna berýärin.

## V bap

*1659-njy ýylyň 30-njy sentýabry.* — Men, betbagt Robinzon Kruzo, elhenç apy-tupan wagtynda gämim gark bolup, şu näletsiňen adanyň kenaryna gelip düşdüm. Oňa Umytsyzlyk adasy diýip at berdim. Gäminiň ähli deňizçileri suwda gark boldy, men hem tas ölüpdim.

Günüň galan bölegini başymdan inen şum täleýden zeýrenip, gözýaş döküp geçirdim, azyk-suwlugym, tünegim, egin-eşigim, ok-ýaragym ýokdy, gyssaga düşenimde gaçyp gidere ýerim hem ýokdy; halas bolmakdan umydymy üzüpdim, ölüp gidibermekden başga ýol görünmeýärdi — meni ýyrtyjy haýwanlaryň paralamagy, ýabanylaryň öldürmegi ýa-da açlykdan amanadymy tabşyrmagym ahmaldy. Gün ýaşyp, garaňky gatlyşyberende ýyrtyjy haýwanlardan gorkyma bir agajyň depesine münüp, şol ýerde ýatdym. Uzakly gije ýagyş ýagan hem bolsa, gymyldaman uklapdyryn.

*1-nji oktýabr.* — Irden oýanan wagtym, daşgynyň akymy bilen gäminiň adanyň has golaýyna gaýdyp gelenini görüp haýranlar galdym. Bu ýagdaý, bir tarapdan, ýüregime ynjalyk berdi, sebäbi gäminiň dik duranyny, heniz abatdygyny görüp mende umyt döredi. Şemal ýuwaşansoň, gämä baryp, iýmitdir gaýry zerur zatlary alyp boljakdy; ýöne, beýleki bir tarapdan, heläk bolan ýoldaşlarym ýadyma düşüp, hasratym täzelendi. Eger barymyz gämiden düşmän oturan bolsak, belkem, gämini halas ederdik, halys bolmanda, olaryň hemmesi gark bolup gitmezdi. Şeýle bolanda, megerem, biz gäminiň galan-gaçanlaryndan bir gaýyk ýasap, dünýäniň başga bir künjegine ýüzüp giderdik. Şol pikirleri kellämde aýlap-öwrüp, günüň köp bölegini

bihuda geçirdim; ýöne ahyr soňunda, suw peselip, gäminiň doly diýen ýaly gury ýerde galanyny görüp, çägesöw kenaryň soňuna çenli ýöredim, onsoň suw bilen ýüzüp baryp, gäminiň üstüne çykdym. Uzak gün dynman ýagyş ýagdy, ýöne şemal öwüsmedi diýen ýaly.

*Oktýabryň 1-nden 24-ne çenli.* — Bu günleriň hemmesini gämidäki goş-golamlary zat galdyrman kenara daşamak bilen meşgullanyp geçirdim. Ýükleri daşgyn başlansoň, sala ýükläp alyp gaýdýardym. Şol günlerde aram-aram howa açylýardy diýmeseň, yzyny üzmän ýagyş ýagdy; ähtimal, häzir bu ýerde ýagyş möwsümidir.

*20-nji oktýabr.* — Salym agyp, üstündäki bar ýüklerim suwa agdaryldy; ýöne ol ýer ýalpak eken, ýükleriňem köpüsi agramlyja bolansoň, men gaýtgyn wagtynda olaryň aglabasyny kenara çekip gutardym.

*21-nji oktýabr.* — Uzakly gün gijesi bilen ýagyş guýdy, hazlap ýel öwüsdi. Gije harasat has-da güýjäp, gämini kül-uşak edipdir; diňe gaýtgyn wagtynda suwuň ýüzüne somalyşyp çykýan galan-gaçan bölekleri diýäýmeseň, indi gämiden nam-nyşan ýokdy. Bu güni gämiden alyp galan goş-golamlarymy ýagyşda ezilmez ýaly basyryşdyryp, goraglap geçirdim.

*26-njy oktýabr.* — Uzakly gün kenarýakada gezmeläp çykdym, gijelerine ýabany haýwanlaryň ýa-da adamlaryň çozuş etmeginden goranmagyň alajyny agtaryp, özüme howpsuzja mesgen gurnar ýaly ýer gözledim. Agşam uçurlary ahyryn üstüne gaýa abanyp duran çemelije bir ýeriň üstünden bardym-da, şol ýere ýarym tegelek çyzyp bellik etdim, onuň daşyna iki hatar sütünden haýat ýa-da berkitme aýlap, daş ýüzüne bajakly gum basmagy karar etdim. Hatara sütünleriň arasyna bolsa tanapdyr urganlary dykyp doldurmalydy.

*Oktýabryň 26-syndan 30-na çenli.* — Zol-zol şabyrdap guýýan çabganyň astynda halys lütüm çykýança işläp, bar goş-golamymy täze mesgenime daşadym.

*31-nji oktýabr.* — Ir säher bilen tüpeňimi alyp, hem-ä aw gözläýin, hemem töweregi gözden geçireýin diýen niýet bilen ada gezmäge çykdym. Bir geçi awladym welin, owlajygy yzyma düşüp gaýdyberdi, heniz otugmany sebäpli, soň ony huruş edinmeli boldum.

*1-nji noýabr.* — Abanyp duran gaýanyň alkymynda çadyrymy gurdum, ony başardygymdan giňiş etdim, içine iki sany sütün kakyp, tor sallançagymy asdym-da, gijäni şonda ýatyp geçirdim.

*2-nji noýabr.* — Berkitme gurmak üçin ozaldan belläp goýan meýdançamda çadyrymyň daş ýüzüne ähli sandyklary, tagtalary, şeýle hem saldan söküp getiren nawlarymy münderläp, aýmança ýasadym.

*3-nji noýabr.* — Awa çykyp, ördege meňzeş iki sany guşy tüpeňledim. Olaryň eti biçak süýji eken. Öýlän stol ýasamak bilen gümra boldum.

*4-nji noýabr.* — Şu gün irden işleýän, tüpeňli awa çykýan hem-de uklap dynç alýan wagtlarymy aýyl-saýyl etdim. Ýagny eger ýagyş ýagmaýan bolsa, Gün dogansoň, iki-üç sagat elim tüpeňli gezelenje çykmaly; soňra sagat on bire çenli iş bilen meşgullanmaly; sagat on birde tapan-tupanymdan ertirlik edinmeli; howa tüp yssy bolýany sebäpli, sagat on ikiden ikä çenli ýatyp ukymy almaly; agşam düşensoň ýene-de işläp başlamaly. Şu günüňem, ertiriňem iş wagty tutuşlygyna stol ýasamaga

güýmenmek bilen geçdi, sebäbi ussaçylyga entejikler gaty ebeteýsizdim. Ýöne, wagtyň geçmegi bilen, zerurlyk uzak gidirmän, meni elinden dür dökülýän ussa öwürdi oturyberdi. Meniň ornumda bolan islendik adam hem hökman şeýle bolardy.
*5-nji noýabr.* — Şu gün tüpeňimi, itimi alyp, awa-şikara çykdym. Bir ýabany pişik awladym welin, derisi mymyjak hem bolsa, etini agzyňa alar ýaly däl eken. Öldüren her jandarymyň, derrew hamyny sypyryp, ammaryma atýardym. Deňziň ýakasyny syryp, dolanyp gelýärkäm, süri-süri deňiz guşlaryny gördüm, ýöne görnüşlerini anyklap bilmedim. Iki-üç sany düwlen görüp, ilki örän geň galdym, hatda birbada nä jüre zatdyklaryny idili aňşyryp bilmän gorkdum diýsemem boljak. Olar hem menden gaçyp, deňze urduryp gitdi.
*6-njy noýabr.* — Irdenki gezelençden soň, ýene-de stol bilen başagaý bolup, kän bir synym oturmasa-da, ony boldum etdim. Emma köp wagt geçmänkä, men ökdeläp, stoluň kakyş-kukuşyny ýetirmegi ele aldym.
*7-nji noýabr.* — Indi howa açylyşyp ugrady.
*7, 8, 9, 10-njy noýabr we 12-nji noýabr irden salkyn (11-i ýekşenbedi).* — Men oturgyç ýasamaga dümtünip geçirdim. Oňa tagaşyk berjek bolup, baý, kösenmek-kösenendirin-ä. Hatda ony telim sapar ýere pylçap urdumam. Barybir, iň soňunda-da ondan göwnüm suw içmedi.
*Bellik:* Bahym ýekşenbe günlerini bellemek ahmalçylyga düşdi, sebäbi ýekşenbe günlerini sütüne bellik etmek huşumdan çykypdyr, indi bolsa, haýsy günüň ýekşenbe bolýany ýadyma düşenok.
*13-nji noýabr.* — Şu gün ýagyş ýagyp, howa salkynlady, meniňem göwnüm açyldy; ýöne gök elhenç gümmürdäp, ýyldyrym çakyp başlady welin, därilere uçgun düşer öýdüp, janym bokurdagyma geldi. Harasat sowlansoň, indi howp abanmaz ýaly därilerimi mümkin boldugyça çaklaňja gaplarda bölüşdirip goýmagy karar etdim.
*14, 15 we 16-njy noýabr.* — Şu üç gün bir funt, aňry gitse iki funt däri sygar ýaly edip, inedördül sandyjaklary, gutulary ýasaşdyrdym. Mundan soň därini gaplara guýuşdyryp, biri-birinden mümkin boldugyça uzakdaky howpsuz ýerlere salyşdyryp goýdum. Düýn uly bir guş awladym. Eti örän süýji eken. Adynyň nämedigini bilemok.
*17-nji noýabr.* — Şu gün örimi has-da giňeldip, arkaýynlaşar ýaly, çadyrymyň arka tarapyndaky gaýany köwüp ugradym.
*Bellik:* Bu iş üçin maňa üç sany zat, ýagny külüň, pil we galtak ýa-da sebet diýseň gerek boldy. Şonuň üçin işi bir ýaňa goýdum we şol gurallara derek näme ulanyp boljagy ýa-da olary nädip ýasajagym barada kelle döwüp oturdym. Külüňe derek demir zom ulandym, ol agyr hem bolsa elime şaplaşyp durdy. Indi pil tapmalydy. Hakykatdan-da, şolarsyz eger-eger gymyldap boljak gümany ýokdy, ýöne näme emel etjegimi bilemokdym.
*18-nji noýabr.* — Ertesi gün tokaýy gözden geçirip ýörkäm, çendenaşa gatydygy sebäpli, Braziliýada demir agaç diýilýän (ýa-da şoňa çalym edýän) bir agajyň üstünden bardym. Gara suw bolup, paltamy döwere getirip, ahyrsoňy şol agajyň gunt ýaly agyr bir bölegini çapyp, zordan süýrekläp, öýüme alyp gaýtdym. Ol şeýlebir gaty eken welin, nalaç bolamsoň, uzak wagtlap iş edinip, ýonup-kertip, oňa kem-kem

piliň suduryny berip ugradym. Boldum eden wagtym, piliň sapy edil Angliýada ýasalyşy ýaly boldy, ýöne kepje bölegi demirden ýasalmansoň, uzak durarly däldi. Şeýle bolsa-da, gerek ýerinde ol köp işe ýarady, ýöne dünýäde hiç bir pil şunça wagtlap, şunça der dökülip ýasalan däl bolsa gerek.

Maňa entek sebet ýa-da galtak hem gerekdi. Hiç hili sebet örüp boljak däldi, çünki sebet örer ýaly söwüt çybyjaklary ýokdy ýa-da men henize çenli olara duş gelmändim. Galtak barada aýdanymda bolsa, tekerinden başga zadyny ýasap bilerin diýip güman etdim; ýöne teker hakda-da, ony nähili ýasamalydygy hakda-da düýbünden düşünjäm ýokdy; üstesine, tekerden ötürer ýaly demir ok ýasamaga-da mümkinçiligim ýokdy. Şonuň üçinem, galtakly işi owarram edip, gowakda gazyp çykaran gumumy daşamak üçin işçileriň kerpiç örüjä laý çekende ulanýan kersenlerine meňzeş bir zat tasladym. Pil ýasanyňdan kersen ýasanyň müň paý aňsat eken; şonda-da kersen, pil ýasamak hem-de galtak ýasajak bolup bihuda güýmenmek, dört günümi dagy aldy. Dört gün diýenimde-de, men irdenki tüpeňli gezelençlerimi ahmal etmedim, awdan elim boş gelýän günüm kän bolmaýardy.

*23-nji noýabr.* — Gurallary ýasajak bolup taşlan işlerim hem garaşyp ýatyrdy. Şoňa görä, mähetdel etmän işe girişdim. Gujurym bilen wagtym maý berdiginden, tutuş on sekiz günläp her gün arman-ýadaman gowagymy inine-boýuna gazyp giňeltdim. Azyk-suwlugymy, goşlarymy, abzal-gurallarymy jaýba-jaý ýerleşdirmäge giňiş ýer gerekdi.

*Bellik:* Bütin şol wagtyň dowamynda men şu gowagy ammar, aşhana, nahar otagy hem-de ýerküme hökmünde ulanar ýaly giňeltmek üçin zähmet çekdim. Özüm çadyrda ýaşaberdim, emma ýylyň ygally döwründe güýçli ýagyş ýaganda, çadyrymy suw basyp, birki ýola süllümmaý ezilenimden soň, ahyrsoňy naw ýaly uzyn pürsleri haýat bilen dag aralyga söýäp, üstüne-de çöp-çalam diýermiň, agaçlaryň iri-iri ýapraklary diýermiň oklaşdyryp, bassyrma ýasanmaly boldum.

*10-njy dekabr.* — Gowagym ýa-da ýerkümäm birkemsiz bolandyr öýdüp ýördüm welin, ine, birdenkä (çakdanaşa giňelden bolmaga çemelim) onuň bir gapdalynyň esli ýeri opurylyp gaýdaýmazmy!? Opuryk şeýlebir uludy welin, men gaty erbet gorkdum, gorkmazça-da däldi, sebäbi şol wagt aşagynda duran bolsam, asyl gabyr gazmak hem gerek bolmazdy. Şeýlelikde, opurylan gumy daşamak üçin ýene-de hupbat baryny görmeli boldum; iň wajyp mesele bolsa, ýene-de ýumrulyp gaýdybermezligi üçin gowagyň ýokarysyny söýgetler bilen berkitmelidi.

*11-nji dekabr.* — Şu gün şol işiň ymykly ugruna çykdym. Iki sany söýgedi ýokaryk petige diräp goýdum; her söýgediň üstüne iki sany tagtany atanaklap mäkämledim. Bu işi ertesi gün gutardym. Bir hepdäniň dowamynda ýene-de üsti tagtaly söýgetleri direşdirip, gowagyň üçegini göwnejaý berkitdim. Hatara bolup duran söýgetler ýerkümäni otaglara bölmäge ýardam berdi.

*17-nji dekabr.* — Şu günden başlap aýyň 20-sine çenli tekjeleri dakyşdyrdym, aňry-bäri asyşdyrar ýaly sütünlere çüý kakyşdyrdym. Ine, şeýdip öý-içerimi tertibe saldym.

*20-nji dekabr.* — Ähli paty-putymy gowaga çekdim we öýümi «mebelläp» ugradym. Iýmitleri, azyk-owkatlary tertipli ýerleşdirmek üçin birnäçe tagta bölegini bufete meňzedip goýdum. Bäş-üç tagta galdy, şonuň üçinem ýene bir stol ýasandym.

*24-nji dekabr.* — Gijesi-gündizi bilen dynman ýagyş ýagdy. Daşaryk çykman ýatdym.
*25-nji dekabr.* — Uzakly gün ýagyş ýagdy.
*26-njy dekabr.* — Ýagyş diňdi. Howa salkynlap, has hoştap boldy.
*27-nji dekabr.* — Bir ýaşajyk geçini awladym, başga bir owlagy bolsa, kowalap tutmak üçin aýagyndan atdym; ony ýüp salyp, idip alyp gaýtdym. Öýe gelenimden soň, onuň döwlen aýagyny seýikläp daňdym.
*Bellik:* Baýaky owlagy gowy bakyp-bejerdim, onuň aýagy bitip, enaýyja bökjekläp başlady. Oňa şeýle uzak wagtlap idi-yssywat etdim welin, ol asyl eldeki bolup gitdi. Işigimdäki gök otjagazlary gütürdeden bolup, gaçyp gitjegem bolmady. Şonda seçmäm bilen därim gutaran mahaly öz azygymy üpjün etmek üçin eldeki mal saklamak baradaky pikir ilkinji gezek kelläme geldi.
*28, 29, 30 we 31-nji dekabr.* — Howa jokrama yssy, çöp başy gymyldamaýar. Öýden diňe agşamyna aw gözlegine çykdym. Öýde bolan wagtymy hojalygymy tertipläp geçirdim.
*1-nji ýanwar.* — Yssy henizem kiparlamady; günortan dem-dynjymy aldym, irden we giçlik iki gezek awa çykdym. Agşamky aw gezelenjimde adanyň jümmüşine aralaşyp gidýän bir jülgäniň içi bilen has aňrylygyna tarap gitdim, ol ýerde gaty köp geçi agyp-dönüp ýören eken; olar gaty ürkekdi, ýakynlaşyberdigiň, alagüpürdi bolup gaçýar. Onsoň itimi awa salyp, bagtymy synap görmegi ýüregime düwdüm.
*2-nji ýanwar.* — Aýdyşym ýaly, şu gün itimi ýanym bilen äkidip, geçilere saldym, ýöne men ýalňyşypdyryn. Geçiler ite bakan şahlaryny gezäp duruberdi welin, hezil bermejegine magat göz ýetiren itim asyl ýanlaryna barasy gelmedi.
*3-nji ýanwar.* — Men aýmança, has dogrusy, diwar gurmaga başladym. Gapyllykda üstüme çozular öýdüp, henizem howatyr edýänim üçin diwary örän galyň hem-de gaýym edip gurmagy karar etdim.
*Bellik:* Diwary nähili guranym barada eýýäm gürrüň berenim sebäpli, gündeligimdäki şoňa degişli ýerleri ýörite galdyryp gidýärin. Uzynlygy ýigrimi dört ýarddan geçmeýän şol diwary doly gurup, timarlap gutarýançam, 2-nji ýanwardan 14-nji aprele çenli wagt gerek bolanyny belläp geçsem ýeterlik bolar. Diwar iki gyrasy hem gaýa baryp sepleşýän ýarym tegelek görnüşinde bolup, gowagyň agzy şol iki sepiň göni ortarasyna düşýärdi, diwardan gowagyň agzyna çenli aralyk bolsa sekiz ýard çemesidi.
Şol döwrüň dowamynda ölerimi-galarymy bilmän işledim. Ençeme günläp, hatda hepdeläp ýagan ýagyşlar işimi bökdeýärdi, ýöne şu diwary gurup dynýançam, özümi doly howpsuzlykda duýup bilmejegim barada oýlanýardym. Her bir iş üçin nähili güzaplary çekenime ynanaýmak örän kyn. Biri-birinden ýogyn pürsleri tokaýdan äkelip, ýere dikip çykmak aýratyn-da kyn düşdi.
Haýaty tamamlap, daş ýüzüne toprak üýşürip gutaranymdan soň, indi kenara gelip düşjek islendik adamyň bu ýerde adam-gara ýaşaýan mesgen bardyr öýdüp güman etmejegine göz ýetirdim. Haýatymy gök ot gögerip oturan toprak bilen gallap, görer gözden ýaşyrmagymyň nähili jaýdar bolanyny soň ýüze çykan bir geň-enaýy waka äşgär etdi.

Şol döwrüň dowamynda howanyň açylan wagty her gün awuň gözleginde tokaýda aýlanmaga gidýärdim, peýwagtyma gezelenç edip ýörşüme ýygy-ýygydan özüme bähbitli bir zadyň üstüni açýardym. Iň esasysy, tokaý kepderileri ýaly agaçlarda däl-de, eýsem adaty kepderiler ýaly gaýanyň jaýryklarynda höwürtge gurýan ýabany kepderileriň bir görnüşini tapdym. Olaryň üç-dört sany jüýjesini öýde saklap, ekdi etjek boldum, ýöne ojagazlar ganat bitensoň uçup gitdi. Megerem, iýmit gözläp gidendir, sebäbi men olary iýmläp bilmeýärdim. Barybir, ýygy-ýygydan ýabany kepderileriň höwürtgesini tapyp, jüýjelerini alýardym-da, özüme hörek bişirinýärdim. Hojalyk işlerini dolandyryp ugramsoň, kemlik edýän gurallaryň örän köpdügini aňladym. Ilkibada olary ýasamak mümkin däl diýip oýa batdym. Hakykatdan-da, galapyn şeýle boldy. Mysal üçin, çelegiň halkalaryny hiç dakyp bilmedim. Ozal gürrüň berşim ýaly, gämiden birki sany çelejik äkelipdim, ýöne näçe hepdeläp çyr-çytyr bolup dyrjaşsam-da, şolara meňzeş çelek ýasamak maňa eýgertmedi. Ne-hä çelegiň düýbüni dakyp, ne-de ýasyja tagtalaryny suw geçirmez ýaly jebis berçinläp bilýärdim; şeýdip, çelekli meseläni hem bir gyra goýmaly boldum. Mundan başga-da, maňa örän köp şem gerek bolýardy. Adatça bolşy ýaly, agşam sagat ýedilerde Gün ýaşan badyna derrew iňrik garalýardy, men hem ýatmak bilen bolýardym. Afrikanyň kenarlaryndaky başdangeçirmelerimde şem ýasan şol bir tokga mumum ýadyma düşýärdi, ýöne indi mende mum ýokdy. Ýeke-täk çykalgam awda öldüren geçilerimden alnan içýagy ulanmak boldy. Toýundan kiçeňräk tabak ýasap, Güne guratdym-da, içýagy şoňa guýdum. Soň bolsa, agaç şiresi siňdirilen kendir ýüpünden peltejik ýasap ýaňky içýaga batyrdym. Şemiňki ýaly ýagtylyk bermese-de, bujagaz ýag çyra öçügsije yşyk saçyp, maňa oňuşalga boldy. Bir gezek şol işler bilen ber-başagaý bolup, goşlarymy sermeşdirip ýörkäm, ozal hem bir ýaňzydyp goýşum ýaly, iň soňky ýüzüşde däl-de, çakymça, ondan öňki gezek gämimiz Lissabondan gaýdanda gämidäki guşlary iýmlemek üçin däne guýlan bir çaklaňja torba elime ildi oturyberdi. Torbadaky galan-gaçan däneleri alakalar gemrip gutarypdyr, içine seredenimde gädik-gemrik owuntykdyr külkeden başga ýekeje düşnüge-de gözüm düşmedi. Onsoň men (şol wagtlar tüýs därileri böleklejek bolup gap-gajak gözläp ýören wagtymdy) «başga bir deregime ýaradaryn» diýen hyýal bilen torbany gaýanyň öňüne — haýatyň bir gyrasyna silkip goýberdim.

Bu waka eýýäm gürrüň beren çabgaly ýagyşlarymyň öňüsyrasynda bolupdy. Torbany nirä silkenime üns hem bermändirin, hatda ony silkenim bireýýäm ýadymdan çykyp gidipdi. Ýöne şondan bir aý töweregi wagt geçensoň, şol ýerjagazda gökje maýsajyklaryň dürterip oturanyny gördüm. Ilkibada ony nätanyş bir ösümlikdir öýtdüm. Ýöne birnäçe gün geçensoň, olaryň agynjak Ýewropada, hatda Angliýada ösýän arpanyňka meňzäp duran on-on iki sany ajaýyp arpa sümmülini çykaranyny görüp, haýran galmakdan ýaňa agzymy açdym.

Şu açyşa neneňsi tolgunyp, pikirlerimiň bulam-bujar bolşuny aýdyp-diýer ýaly bolmady. Men henize — bu güne çenli dini ygtykatlara uýan adam däldim. Hakykatdan hem, din barada meňki bolsun diýer ýaly düşünjäm ýokdy, başymdan inýän ähli hadysalary diňe tötänlik bilen düşündirýärdim ýa-da dilimiziň ugruna aýdyşymyz ýaly, «Hudaýyň halanydyr» diýip goýýardym. Hiç haçan wakalarda

Ýaradanyň nähili hikmetleriniň bardygy hem-de Onuň dünýädäki hadysalary dolandyrýan ylahy düzgün-nyzamy hakda onçakly pikirlenip oturmazdym. Emma şol arpalaryň däneli ösümliklere ýaramly däl şertlerde gök öwsüp oturyşyny görüp, täsin duýga gark boldum, sebäbi olaryň şol ýere nädip düşenini bireýýäm ýadymdan çykarypdym ahyryn. Men keremli Biribaryň tohum sepilmedik ýerden öz gudraty bilen, özem şu ýabany, çola ýerde hut meniň rysgalym bolsun diýip arpa gögerdenine ynanmaga başladym.
Biraz ýüregim ersip, gözüme ýaş aýlandy we meniň hatyram üçin tebigatyň şeýle täsin gudratynyň bolup geçenine öz ýanymdan göwnüm hoş boldy. Ýöne geň galasy zat öňde eken, bir görsem, arpa maýsalarynyň arasynda başga gämikler hem gök salyp oturan bolsa nätjek. Olar şaly bolup çykdy, ozal Afrikanyň kenarýakasyna düşen wagtym ekin meýdanlarynda görenim üçin şalyny şol bada tanadym.
Men arpadyr şalyny diňe bir Ýaradanyň beren päkize rysgaly diýip oturman, eýsem olaryň başgarak ýerlerde hem gögerýänine pugta ynanyp, adanyň ozal gezilen tanyş bölegini elek-soky barlap çykdym. Her bir künjege, her bir gaýanyň düýbüne esewan etsem-de, ne arpa duşdum, ne-de şala. Telim gün geçensoň, şol ýere jüýjeleriň iýmli haltasyny silkelänim güpbe ýadyma düşäýmezmi?! Haýran galmak duýgusy zym-zyýat boldy. Boýnuma alaýyn, arpadyr şalynyň ösüp oturmagynyň gudrat däl-dä, tebigy wakadygyny bilenimdeň soň, Ýaradanyň nygmatyna şükür etmek duýgym gowşap başlady. Aslynda welin, bagtymdan çykan şol geň-enaýy we garaşylmadyk nygmat üçin alkyş okamalydym. Hakyna garasaň, alakalaryň durşuna gemrip, kül eden dänelerniň arasyndan on-on iki sany dänäniň, ylla diýersiň, behiştden düşen ýaly, hiç zat bolman abat galmagy diňe Biribaryň gudraty bilen bolupdy. Üstesine, men şojagaz däneleri ala-böle gaýanyň kölege düşýän mes toprakly ýerine silkipdirin, dänelerem bada-bat şineläp, kök urupdyr. Eger şol wagt olary biraz aňyrrak taşlan bolsam, Günüň astynda gurap, zaýalanyp giderdi.
Iýun aýynyň aýagynda sümmüller bişen wagty olary nähili usullyk bilen ýyganym göz öňüňize gelýändir. Ýekejesinem gaçyrman bar däneleri ýygnap, çäjini saýladym-da, çörek bişiriner ýaly ýeterlik mukdara ýetsin diýip, gallany täzeden ýere sepdim. Emma diňe dördülenji ýyl şol dänäniň biraz bölegini iýmäge süýşürip bildim, bu barada wagty gelende gürrüň bererin. Ilkinji ekişde möwsüme kän bir üns bermän, tüýs tomsuň depäňi gaýnadýan wagty ýere sepenim üçin tohumlar zaýa bolupdy. Tohumlaryň gögeräýjegem gögerip bilmedi. Häzirlikçe bu arpaly gürrüňi soňlaýyn.
Eýýäm aýdyşym ýaly, arpadan başga, ýigrimi-otuz düýp şaly hem sümmülläpdi. Ony hem çörek ýa-da nahar bişirinmek maksady bilen, harpygyny saýlap, eşrepi ýaly edip ýygnap goýdum, sebäbi howurly peje salman çörek bişirmegiň tärini tapypdym. Bu barada hem soň gürrüň bererin.
Ýene gündelige dolanyp geleliň.
Haýaty aýlap gutarmak üçin üç-dört aý bilimi ýazman diýen ýaly işledim. 14-nji aprel diýlende ony doly tamamladym. Bu ýeriň öýümdigi daşyndan bildirmesin diýip, haýata hiç hili gapy goýmadym-da, «Merduwan söýäp girip-çykmaly» diýen netijä geldim.

*16-njy aprel.* — Merduwany ýasap boldum; oňa dyrmaşyp, haýatyň depesine mündüm-de, merduwany çekip, haýatyň iç ýüzüne söýäp howla girdim. Merduwany bolsa howlynyň bir künjeginde ýere ýatyryp goýdum. Indi daş-töweregim doly goraglydy. Howlym diýseň giňişdi, diwardan aşman, howla girip boljak gümany ýokdy.

Diwary salyp gutaran günümiň ertesi tas bar eden azabym bir gezekde puja çykyp, özümem öläýmeli bolupdym. Ine, bolup geçen waka: şol gün howlymyň içinde çadyryň arkasynda gowagyň girelgesiniň öň ýanjagazynda işe güýmenip ýörkäm, duýdansyz dörän bir zenzelä allaniçigsi boldum; oslaman durkam gowagyň içindäki iki sany sütün elhenç şatyrdap gap-bilinden döwüldi-de, üçekden — baýryň erňeginden esli daş-toprak eňterilip gaýtdy. Meniň zähräm ýaryldy, ýöne bu işiň hakyky sebäbini aňşyryp bilmedim, ozalky ýaly ýene-de üçek çökendir öýdüp çakladym. Opurygyň aşagynda gömlüp galaýmaýyn diýen gorky bilen başymy gutarjak bolup, merduwana tarap okduryldym, emma ol ýerde-de özümi howpsuz hasap etmän, baýryň harsaň daşlary togalanyp, üstümden gaýdyberer öýdüp, ýüzümiň ugruna diwardan aşyp geçdim. Ýöne aýagym ýere degip-degmänkä, bu zatlara aýylganç ýertitremäniň sebäp bolanyna äşgär göz ýetirdim. Aýagymyň astynda ýer goduklap, sekiz minut çemesi wagtda yzly-yzyna üç gezek şeýlebir sarsgyn boldy welin, dünýädäki iň ygtybarly binany hem ýer bilen ýegsan edip biljekdi. Menden ýarym mil töweregi aňyrda deňze abanyp duran bir gaýanyň depesi şeýlebir ala-zenzele bilen opurylyp aşak gaýtdy welin, şonuň ýaly gümmürdini ömrüme eşitmändim. Deňziň hem batly çaýkanyp, möwç urýanyny saýgardym; hatda, göwnüme bolmasa, deňziň astyndaky sarsgynlar adadakydan has güýçli bolarlydy.

Munuň ýaly tebigy hadysa ozal duş gelmänim, duş gelenler bilenem gürrüňdeş bolup görmänim üçin gorkup, elimi-aýagymy ýitirdim. Ýer yranmasyndan ýaňa edil deňizde çaýkanýan gämide duran dek ýüregim bulandy; ýöne güwläp gaýdan kert gaýanyň gümmürdisi meni özüme getirip, äm-säm bolup durmakdan açdy; açylsam hem açyldym welin, gorkudan ýaňa depe saçym düýrükdi. Baýyr süýşäge-de çadyrymy, ähli goş-golamlarymy ýüzüniň ugruna guma garar öýdüp, ikilenç ýüregim agzyma geldi.

Üçünji sarsgyndan soň birsalym hiç hili yranma duýulmady welin, az-kem ekezlenip ugradym. Barybir, diriligime kesegiň aşagynda galaýmaýyn diýen iňkis bilen, diwardan aşmaga batyrlyk edip bilmedim. Onsoň özümi lampa ýere goýberdim-de, näme edip näme işlejegimi aň edip bilmän, çugutdyryp oturyberdim. Tutuş şol wagtyň dowamynda dilimiň ugruna «Biribar, özüň rehim edeweri» diýip samran sözlerimi hasap etmeseň, din-ygtykat hakda kemtersinden ýekeje pikir hem kelläme gelmändir. Howp sowlansoň bolsa, ol sözlerem gaýyp bolup gitdi.

Şeýdip oturyşyma, asmanda lemmer-lemmer bulut oýnap, howa garalyp, ýagyş ýagarly boldy. Sähel salymdan çalajadan ýel öwsüp ugrady-da, ýarym sagat geçip-geçmänkä, ol ýeri-gögi gapyşdyryp barýan harasada öwrüldi. Deňiz hem birdenkä lerzana gelip, dumly-duşa ak köpük saçyp, gazaply möwç urup başlady; äpet gomlar zarp bilen kenara urlup, agaçlary köki bilen sogrup zyňýardy. Harasadyň gopguny biçak elhençdi. Şeýdip, üç sagat töweregi nagarasyny döwensoň, harasat kiparlamaga

başlady. Şondan soň iki sagat çemesi çöp başy gymyldaman, imisalalyk aralaşdy. Yzyndan bolsa, güýçli çabga asmandan şaglap indi. Gorkyma ýygrylyp, şonça gopgun-zenzeläň aşagynda ýerimden galyp bilmän hyrçymy dişläp oturdym. Ýöne apyla-sapyla sowlup gutaransoň, birdenkä «Ýertitreme sebäpli tupan turup, ýagyş ýagdy, diýmek, ýer hem yranyp bolandyr. Indi howla girse bolar» diýen pikir kelläme geldi. Şol pikir gop berip, şabyrdap guýýan ýagyş hem ýeňsämden itip duransoň, ýüregimi bire baglap, haýatdan aşdym-da, çadyryma girip dyzymy epdim. Emma ýagyş şeýlebir güýçli ýagýardy welin, çadyrym ýegşerilip, ýykylaýjak-ýykylaýjak bolýardy. Onsoň men çadyr üstüme gaýdaýmasyn diýip, ýüregim suw üstünde bolsa-da, garaz, nalaç gowaga girmeli boldum. Şol güýçli ýagan ýagyş maňa täze bir iş tapdy; howlyny, gowagy suw basmaz ýaly, haýatyň düýbünden bir deşik deşip, howlynyň daşyna ganaw çekmeli boldum. Gowagymda birsalym dem-dynjymy alyp, indi ýer sarsgynlarynyň sowlanyna göz ýetirenimden soň, janym birneme aram tapdy. Henizem elenip duran ruhumy götermek üçin ammarjygyma baryp, bir owurtjyk rom içdim. Umuman, romy diýseň tygşytly içýärdim, sebäbi bir gutaransoň, dolanyp roma ýüzümiň düşmejegi äşgärdi. Şol gije-de, ertesem dynuwsyz ýagyş ýagmagyny dowam etdi, men hem gowakdan çykyp bilmän busup oturdym. Indi ýüregim az-kem karar tapypdy. Nädenimde gowy boljagy barada oýlanmaga başladym. Eger adada ýygy-ýygydan ýer yranýan bolsa, onda gowakda ýaşap bilmejegim barada netijä geldim. Açyk bir ýerde çaklaňja külbe gurup, wagşy haýwanlaryň ýa-da ýabany adamlaryň howp salmagyndan goranmak üçin, edil şu ýerdäki ýaly, daşyna diwar aýlamagyň pikirini edip başladym. Eger gowakdan bir ýaňa göçüp gitmesem, irde-giçde diriligime gumuň-daşyň aşagynda galjagym äşgärdi.

Şol pikirler bilen, baýryň abanyp duran, indiki sarsgynda gürrüňsiz aşak süýşüp gaýdarly görünýän dik ýapgydynyň aşagynda ýerleşýän çadyrymy başga bir ýere göçürmegi ýüregime düwdüm. Şondan soňky iki güni — 19-njy we 20-nji apreli täze, oňaýly ýer gözlemek hem-de öýümi nädip göçürjegim barada oýlanmak bilen geçirdim. Diriligime ýeriň hopmagyndan howatyr edip, gijelerine rahat uklap bilmeýärdim; barybir, haýadyň daş ýüzünde alaň-açykda ýatsam hem şondan ibaly boljak däldi. Şonuň bilen birlikde, bir çetde oturyp, sümelgämi synlan mahalym öý-içerimiň nähili tertiplidigini, onuň gözden uzak bukuja ýerdedigini hem-de «iki aýakly», «dört aýakly» howp-hatardan nähili arkaýyndygymy görüp, bu ýerden göçesim gelmedi. Şol ikarada göçmek üçin biçak köp wagtyň gerek boljagyny hasaplap gördüm. Çaky, men tä göçüp barar ýaly göwnejaý täze bir howly gurunýançam, howply hem bolsa, şu gowagyň içinde oňňut etmelidim. Şeýle netijä gelip, ýüregim düşüşdi, soňra bolsa, gyssagym özüm bilen, täze bir ýerden nawlardan we urgandan aýlaw görnüşli aýmança gurup, ol doly taýýar bolansoň, çadyrymy şonuň içine göçürip eltmegi karar etdim. Ýöne aýmança göçüp barmaga taýýar bolýança, häzirki ýerimde ýaşamagy ýüregime düwdüm. Şol gün aprel aýynyň 21-idi.

*22-nji aprel.* — Ertesi daň atyp, jahan ýagtylansoň, şol çözgüdimi nähili serişdeler arkaly ýerine ýetirip boljagy hakda pikirlendim. Zerur abzal-gurallar örän ýetmezçilik edýärdi. Meniň üç sany uly paltam bardy. Kiçi palta bolsa, näçe diýseň üýşüp ýatyrdy (sebäbi biz olary indeýlere satmak üçin alyp barýardyk); ýöne, düwünlek berk

agaçlary çapmakdan ýaňa, olaryň barysy kütelişip, ýüzleri gädik-gemrik bolup ýatyrdy. Meniň çalgy daşym bar hem bolsa, ony iki el bilen aýlamalydygy üçin, abzal-gurallarymy ýiteldip bilmeýärdim. Bu mesele meni döwlet işgäriniň wajyp bir syýasy mesele boýunça çözgüt tapmak üçin ýa-da kazynyň bir adamyň ölmek ýa-da diri galmak meselesini hüküm etmek üçin kelle döwşüçeräk meşgul etdi. Ahyrsoňy, aýak güýji bilen işleýän ýüpli çarh oýlap tapdym-da, çalgy daşy şoňa berkitdim welin, iki elim hem boşaýdy.
*Bellik:* Beýle tilsime Angliýada duş gelmändim, has dogrusy, onuň nähili ýasalýany ünsümi çekmändir. Soň görüp otursam, çarhly çalgy daşy Angliýada giňden ýaýran eken. Ondan başga-da, meniň çalgy daşym örän mähnetden gelen agyrdy. Bu abzala syntgy berip dynýançam tutuş bir hepde gerek boldy.
*28-nji we 29-njy aprel.* — Şu iki güni abzal-gurallary ýiteldip geçirdim; täze çalgydaş suw ýaly işleýär.
*30-njy aprel.* — Külçelerimiň gutaryp barýanyny gördüm. Hasap edişdirip, günde bir külçeden artyk iýmeli däl etdim. Özüme juda ýüregim awady.
*1-nji maý.* — Şu gün irden gaýtgyn wagty deňze seredip durkam, kenarda çelege çalym edýän ullakan bir zadyň keserilip ýatany gözüme kaklyşdy. Ýanyna baryp görsem, kiçeňräk bir çelejik bilen gämiden galan iki-üç bölek döwük-ýenjik tagta ýatan eken. Araky harasatda kenara gelipdir. Gäminiň deňze süsňäp, pytraman galan bölegine esewan etdim welin, ol göwnüme bolmasa, suwdan has ýokarrakda duran ýaly boldy. Deňziň kenara çykaryp taşlan çelejigini barlaşdyryp, bahym onuň därili çelekdigini bildim. Ýöne onuň içindäki däri ençeme wagtdan bäri suwa ezilgi bolansoň, edil daş kimin saň-gaty bolupdyr. Şonda-da men ony togalap, şol wagtlykça kenardan daşlaşdyrdym. Soň bolsa, çägelik saý bilen ýöräp, gämä tarap ugradym.

## VI bap

Gäminiň ýanyna baran mahalym, onuň geň ýagdaýda ýerinden gozgananyny gördüm. Öň çägä gömlüp ýatan burun bölegi iň bolmanda alty fut çemesi ýokary göterilipdir. Gämä soňky gezek baryp gaýdanymdan soň, gaý-tupanyň zarbyna çym-pytrak bolup, gämiden gopan yzky bölek hem bir gapdala zyňlyp gyşaryp ýatyrdy. Kenara tarap şeýle çäge ykgyny syrapdyr welin, öň kenardan gämä barýançam, çärýek mil töweregi ýüzüp gitmeli bolsam, indi gaýtgyn wagtynda gämä arkaýyn ýöräp baryp bolýardy. Bu üýtgeşiklige ilkibada örän geň galdym, ýöne bahym muňa ýer yranmasy sebäp bolandyr diýen netijä geldim. Şol kuwwatly sarsgyn gämini öňküsindenem beter çagşadypdyr welin, her gün şemalyň, tolkunlaryň badyna gämiden gopan her tüýsli zatlar kenara ýüzüp gelýärdi.
Gämi bilen bagly waka öýümi göçürmek baradaky hyýalymdan doly ünsümi sowdy. Şol gün günuzyn gäminiň içerki böleklerine aralaşmak üçin böwşeňräk ýer agtaryp çykdym. Ýöne ol pikirim başa barmady, sebäbi gäminiň ol ýerleri durşuna çäge bilen gömlüpdir. Şeýle hem bolsa, men hiç bir zatdan umydyňy üzmeli däldigini indi

öwrenipdim. Şonuň üçin «näme tapanymda hem, yrýasy bolmaz» diýip, gäminiň çökündisini bölek-bölekden kenara çekip gutarmagy ýüregime düwdüm.

*3-nji maý.* — Gämide byçgy bilen işläp başladym. Nawlaryň berkidilýän ýeri bilen palubanyň ýokarky bölegini saklaýandyr diýen çak bilen, gäminiň kese goýlan pürsüni byçgylap kesdim-de, açylan deşikden girip, çägäni elim bilen syryşdyryp aýyrdym. Şol wagt daşgyn güýçlenip ugrany üçin, şu günlükçe işi bes etmeli boldum.

*4-nji maý.* — Balyk tutmaga gitdim, ýöne keşdiň çekip iýer ýaly ýekeje balyk hem tutup bolmady. Çolpyma zat ilmän, halys bezgek bolup, gaýdaýyn diýip durkam, çeňňegime bir ýaşajyk delfin düşdi. Çeňňek diýýänimem hakyky çeňňek däl-de, hälki bir smola siňdirilen uzyn ýüpdi, ujunda gaňyrçak zat ýokdy. Barybir, şojagaz tilsim bilen näçe iýesim gelse, şonça-da balyk tutup bilýärdim. Balyklaryň barysyny güne kakadyp iýýärdim.

*5-nji maý.* — Gämide işledim. Ýene bir pürsi byçgylap bölekledim. Sosna agajyndan ýasalan üç sany ýasy tagtany palubadan goparyp aldym-da, çugdamlap gabşyrdym. Daşgyn başlan wagty bolsa, ony kenara bakan ýüzdürip goýberdim.

*6-njy maý.* — Gämide işledim. Birnäçe demir nurbat bilen ýene-de şoňa meňzeş demir böleklerini sogrup aldym. Gara derimi saçyp, hars urup işledim. Öýe gelen wagtym halys surnugyp, lütüm çykypdy. Işi goýbolsun edäýsemmikäm öýdýän?!

*7-nji maý.* — Şu gün hem gämä gitdim. Işlemek hyýalym ýokdy. Esasy pürsleri kesilensoň, paluba öz agramyna döz getirip bilmän çöküpdir. Gäminiň beýleki bölekleri hem ýaý beripdir. Trýumuň üsti açylyp, indi onuň içi aýyl-saýyl görnüp durdy, ýöne trýumuň içine çäge üýşüp, suw çaýkanyp ýatan ekeni.

*8-nji maý.* — Demir zom alyp, gämä gitdim. Niýetim indi suwdan, çägeden doly diýen ýaly arassalanan palubany öz agramyna dargar ýaly etmekdi. Iki sany uzyn ýasy tagtany goparyp, daşgyn bilen akdyryp kenara çykardym. Demir zomy ertir hem gelip işlemek üçin gämide goýup gaýtdym.

*9-njy maý.* — Bu gün hem gämä gitdim. Demir zom bilen palubany omur-jomur edip, tagtalaryny döwüşdirip, ahyrsoňy, sermeleşdirip üç-dört sany çelegiň üstünden bardym. Zom bilen gaňryp, olary orunlaryndan çykaryşdyrdym. Çelekler şeýle mäkäm berçinlenipdir welin, urubam döwüp bilmedim. Bir düýrüm iňlis gurşuny hem elime ildi, arman, agyrlygyndan ýaňa ýerinden gozgar ýaly däl eken.

*10-14-nji maý.* — Bassyr gämä gitdim. Küde-küde agaç bölegini, tagtadyr pürs, ýüz-ýüz elli kilogram demir alyp, kenarýaka daşadym.

*15-nji maý.* — Ýanym bilen iki sany paltajyk alyp gitdim. Birki bölek goparyp bolmazmyka diýip, bir paltany gurşun düýrüminiň üstünde dik goýaga-da, beýleki paltanyň çüwdesi bilen beýleki paltanyň çüwdesine güýjümde baryny edip ýelmäp başladym. Emma gurşun bir ýarym fut çemesi suwuň aşagynda bolansoň, urgularym juda gowuşgynsyz boldy.

*16-njy maý.* — Gije hazlap gaty erbet şemal boldy. Güýçli tolkunlar gäminiň galandysyny hem lagşadyp taşlapdyr. Şamlyk üçin tokaýyň içinde kepderi gözläp, alakjap ýörşüme, daşgynyň başlanyny duýman galypdyryn. Şeýdibem bu gün gämä gidip bilmedim.

*17-nji maý.* — Gämiden gopan käbir bölekleriň hol beýlede, iki mil çemesi aňyrda kenarda garalyp ýatanyna gözüm kaklyşdy. Men onuň nämedigini anyklajak bolup, şol ýere bakan ýöräp gitdim. Baryp görsem, ol gäminiň burun bölegi ekeni, özem şeýlebir mähnetdi, agyrdy welin, göterip ýa-da süýräp biljek gümanyň ýokdy.
*24-nji maý.* — Şu güne deňiç her gün gäminiň galyndysynda işledim. Gatyr ýaly işläp, zom bilen gaňryp-ýenjip, käbir zatlaryň şeýlebir süňňüni çagşadamsoň, eýýäm ilkinji daşgynda alty-ýedi sany çelek bilen iki sany deňizçi sandygy zompuldap suwuň ýüzüne çykdy. Ýöne şemal kenar tarapdan öwüsýäni sebäpli, içine az-owlak brazil doňzunyň kakadylan eti salnan äpet çelek bilen iki-üç bölek tagta diýäýmeseň, kenara suwytly çykan zat bolmady. Ol çelegem suwuň aşagynda şonça wagt ýatansoň, içine çäge girip, etler zer-zaýa bolup giden ekeni. Men aw awlap, iýmit gözleýän wagtymy daşgynyň beýgelýän pursadyna gabat getirip, tä 15-nji iýuna çenli, her gün gaýtgyn başlan badyna gämini bölekläp, kenara daşamak bilen meşgullandym. Şol üç hepdäniň dowamynda başym çykmasa-da göwnejaý bir gaýyk ýasar ýaly tagtamydy, nawmydy ýa-da bolmasa her dürli demir bölegimidi, garaz, güýjüm ýeten zady kenara çekip gutardym. Mundan başga-da, köp gezek gatnap, bölejik-bölejikden elli kilogram töweregi gurşun kesip aldym.
*16-njy iýun.* — Deňziň ýakasynda gezmeläp ýörkäm, ullakan deňiz pyşdylyny tapdym. Bu ilkinji gezek pyşdyl görşümdi. Mundan ozal maňa pyşdyl duşmanlygynyň sebäbi olaryň adada seýrekdigi däl-de, meniň binesipligim bolmaly. Eger adanyň beýleki tarapyna düşen bolsam, her gün ýüzläp pyşdyl awlap biljek ekenim. Soň görüp otursam, bu maňa gymmada düşjek ekeni.
*17-nji iýun.* — Wagtymy pyşdyl etini bişirip geçirdim. Ondan altmyş sany ýumurtga çykdy. Şu elhenç ada düşelim bäri geçi bilen guşdan başga et iýip görmämsoň, jyzyrdap bişen pyşdyl eti janyma şypa bolup, edil agzymda eräp barýardy. Çaky, ol ömrümde iýip gören iň süýji etimdi.
*18-nji iýun.* — Uzakly gün ýagyş ýagdy. Men öýden çykman ýatdym. Ýagyş ýaganda howa sowan bolarly, sebäbi men sowuklap, galpyldap başladym. Aslynda dünýäniň bu giňişliginde sowuk howa-ha bolmaly däl.
*19-njy iýun.* — Halym juda teň. Süňňümi saklap bilemok. Gyş düşen ýaly.
*20-nji iýun.* — Uzakly gijäni dik oturyp geçirdim; kelläm ýarylyp barýar, üşüdip ýatyryn.
*21-nji iýun.* — Ýagdaý juda ýaramaz; ýanymy ýere beräýsem, hemaýat etjek adamyň ýokdugy barada oýlanyp, öler ýaly gorkýaryn. Hall şäherinden ugranymyzda turan apy-tupandan bäri birinji gezek tüýs ýüregimden Biribara ýalbaryp dileg etdim, ýöne huşum ýerinde bolmansoň, nämeler aýdanym ýa-da nämüçin aýdanym teý ýadyma düşenok.
*22-nji iýun.* — Az-kem ganymatlaşdym, agyr nähoşlaryn öýdüp henizem gorkýaryn.
*23-nji iýun.* — Ýene gaýra üzüldim: üşüdýärin, kelläm gaty agyrýar, erbet kellämden tutdy.
*24-nji iýun.* — Bäri bakyşýaryn.
*25-nji iýun.* — Gaty erbet ysytma tutdy; ýedi sagatlap bir gyzdyryp, bir üşüdip ýatdym. Soňundan bolsa, başym aýlanyp, biraz der geldi.

*26-njy iýun.* — Ganymat. Azyk-owkadym gutarypdyr. Tüpeňimi alyp awa çykdym, ýöne özümi halys mejalsyz duýdum. Bir geçini awladym. Hyk-çok edip, ony zordan öýe aşyrdym. Bir bölek etini kesip alyp, otda kakmaç edip tamşandym. Çorbajyk gaýnadyp iýen bolsam, gözüm ýerine gelerdi, arman, entek gazanym ýok.
*27-nji iýun.* — Ýaňadan şeýlebir güçli ysytma tutdy welin, iýmekden-içmekden kesilip, günuzyn düşekden galyp bilmän ýatdym. Teşnelikden ýaňa ölüp barýardym, ýöne suw içmek üçin ýerimden galmaga halys ysgyn-mydarym ýokdy. Men ýene Ýaradandan dileg etmäge başladym, ýöne kelläm dumanlap durdy. Janym sag wagty werziş bolmanym üçin, doga-dileglere dilim öwrülmeýärdi. Ýatan ýerimden: «Biribar, bendäňe nazar sal! Özüň garaşyk et! Ýaradan, maňa rehim edeweri!» diýip gygyrýardym. Ysytma sabaýança, iki-üç sagat dagy şeýdip samrandyryn. Soň uka gidip, ýarygijä çenli sarsman ýatypdyryn. Oýanyp, gözümi açan mahalym, özümi has ýeňil duýdum, ýöne ysgynsyzdym. Teşnelikden ýaňa agzym kepäp gidipdir. Çadyrymda agyz suwy bolmansoň, ertesi daň saz berýänçä, nalaç ýatmaly boldum. Daňa golaý elhenç düýş gördüm: haýadyň daş ýüzünde, ýer yranansoň harasat wagty oturan ýerimde otyrmykam diýýän. Şol pursat äpet gara bulutdan ot-ýalyn gallap duran bir adam aşak düşüp gelýämiş. Alaw ýaly bolup, dumly-duşa şeýlebir ýiti şöhle saçýardy welin, gözüm gamaşyp, oňa seretmek üçin özüme zor salýardym. Şol äteňediň ýüz keşbiniň gorkunçlygyny söz bilen beýan eder ýaly däl. Göwnüme bolmasa, ol her ädim uranda, ýer edil ýertitremedäki ýaly sarsyp gidýärdi. Ýer bilen gögüň arasyna ýalyn çabrap, çar tarapa uçgunlar zyňylýan ýalydy. Ol ýere düşen dessine öldürjek bolup, eli uzyn naýzaly maňa bakan ýöräp ugrady. Bir tümmejige ýetende saklanyp, şol ýerden maňa bir zatlar diýdi welin, onuň eýmenç sesine depe saçym düýrügip, ýedi süňňüm gowşap gitdi. Ol köp zat aýtsa-da, diňe: «Bolup geçen şunça waka seni henizem toba getirmändir, indi sen ölersiň!» diýen sözleri aňşyrdym. Ol şeý diýensoň, naýzasyny gezäp meni öldürjek bolýarmyka diýýän.
Şu hekaýaty okan her bir okyjy şol eýmenç düýşüň mende nähili aýylganç gorky döredenini düşündirip bilmejegimi aňýan bolsa gerek. Aýtjak bolýanym, düýş bolsa-da, şol zatlar edil huşumda bolup geçen ýalydy. Tisginip oýanyp, munuň ýöne bir düýşdügine akyl ýetirenimden soň hem, onuň mende nähili täsir galdyranyny söz bilen düşündirer ýaly däldi.
Haýp, din barada hiç hili bilýän zadym ýokdy. Kakamyň öwreden ýagşy öwütlerinden alan edep-terbiýäm sekiz ýyldan bäri deňizlerde üznüksiz ygyp ýörmegim hem-de özüm ýaly dinden-imandan bihabar bidöwletler bilen oturyşyp-turşanym zerarly hakydamdan öçüp gidipdir. Tutuş şol döwrüň içinde ýeke gezek golumy asmana göterip Biribara ýalbaranym ýa-da böwrüme diň salyp, öz etmişlerim hakynda çynlakaý oýlananym ýadyma düşenok. Tersine, ýagşylyk etmek höwesinden, ýamanlygy saýgarmakdan jyda düşüp, meni bir tüýsli ruhy aňkawlyk gurşap alypdy. Meniň azy ýaranlygymy, kelesaňlygymy we sansyzlygymy göreniňde beýleki gämideş deňizçilerimi ýüzüňe sylaýmalydy. Ne-hä janym howp astyndaka Ýaradandan gorkmagy, ne-de bir halas bolan mahalym Ýaradana alkyş okap, şükür etmegi bilýärdim.

Kitabyň başynda aýdan gürrüňlerim okyjynyň ýadyna düşýän bolsa gerek. Şu çaka çenli başymdan inen her dürli hasratly wakalarda Hakyň eradasynyň bardygy, şol külpetleriň öz eden etmişimiň, ýagny kakamyň raýyny ýykyp, garşy çykmagymyň hem-de hetden aşan häzirki günälerimiň, şeýle hem biweç ýaşap ýörmegimiň jezasydygy hakynda hiç haçan kelle döwmänimi aýtsam, onda Biribaryň öňündäki bu gedemligimiň sebäbine has aňsat düşünse bolar. Afrikanyň çola kenarlarynda geçiren şol umytsyz ýolagçylygym mahaly, başymdan näme injegi barada pikir hem etmändim, barjak ýerime sag-aman baryp ýetmek, daş-töweregimi gurşap alan howp-hatarlardan, wagşy haýwanlardyr guduz ýabanylaryň penjesinden goranmak üçin kelam-agyz Ýaradana dileg edip ýalbarmandym. Külli jahanyň bir Ýaradyjysy, Perwerdigäri bardyr öýdüp ýedi uklamda düýşüme-de girmezdi, ýyrtyjy haýwan kimin diňe tebigatyň kanunlaryndan ugur alyp, sagdyn pikiriň hökümlerini berjaý edip ýaşaýardym. Hatda şondan hem beter bolmagym ahmaldy. Portugal gämibaşy meni deňizde halas edip, gämisine mündürip, maňa adamkärçilikli, ak göwünli hem-de tüýs ýürekden hemaýat eden pursadynda hem, mende Haktagala sähelçe-de bolsa şükür etmek duýgusy döremändi. Şondan soň, gämim heläk bolan çagy, gark bolmakdan gutulyp, şu ada çykan wagtymda hem bu waka sebäpli ne-hä toba-tagsyr edipdim, ne-de oňa Biribaryň inderen külpeti diýip düşünipdim. Oňa derek, äden ugrumda maňlaýymyň daşa degýänini, doglalym bäri betbagtlykdan gözümiň açylmaýanyny aýdyp, öz-özümi ýepbekleýärdim.
Dogry, şu ada ilkinji gezek aýak basanymda, gäminiň ähli deňizçileri gark bolup, bir özümiň diri galanymy gören mahalym ruhumda şeýlebir göçgünli joşgun döräpdi welin, şonda keremli Biribar medet berende, şol joşgunyň hakyky şükür duýgusyna öwrülip gitmegi ähtimaldy. Emma meni halas eden Eliň nähili ýagşylyk edeni, menden başgalar gark bolanda bir meni alyp galany hem-de Gudraty Güýçliniň näme sebäpli ala-böle maňa rehim-şepagat edeni hakda asla oýlanman, eýsem, diriligime şatlanyp-begenip, gamgyn duýgularym aýrylyp gitdi. Umuman, şatlanyşym edil adaty deňizçileriň gämi heläkçiliginden sag-aman gutulyp, kenara aýak basanynda halas bolmagyň şatlygyny bir bulgur punş bilen ýuwup, bar zady şol demde ýatdan çykaryşy ýalydy. Ada düşelim bäri hem ol şeýleligine galypdy. Hatda şondan soň, pähimli oýlanyp, öz düşen ýagdaýyma göz ýetirip, adam-garanyň aýagy düşmejek bu eýmenç ýere nädip düşenim barada pikirlenip, halas bolmak baradaky tamadan doly rişdämi üzüpdim, emma ýaşamaga umyt döräp, açlykdan ölmejegimi bilen pilläm ähli gam-gussalarymdan saplandym oturyberdim. Ýüregim ynjalyk tapdy, onsoň ýaşaýyş şertlerini üpjün etmäge hem-de goranmaga degişli işler bilen boldum. Şonluk bilen, öz ýagdaýyma gynanmagy, ony ylahy adalatyň netijesi ýa-da başymdan inderen gazaby hasap etmegi bir ýaňa goýdum. Munuň ýaly pikirler kelläme setanda-seýranda gelýärdi.
Gündeligimde eýýäm aýdyp geçişim ýaly, arpa bilen şalynyň gögermegi ilkibaşda maňa az-kem täsir edipdi, şol ahwalatda nähilidir bir gudratyň bardygy barada pikir edenimde, hakykatdan-da, ýüregim eräberýärdi; ýöne eýýäm gürrüň berşim ýaly, gudrat hakyndaky pikirlerim aýrylansoň, onuň döreden ähli täsirleri hem aňymdan zym-zyýat boldy. Hatda şu zeýilli närselere bir özi erk edip bilýän, göz bilen

görülmeýän Eradany gönümel ýadyňa salýan hem-de tebigatyň iň elhenç hadysasy bolup durýan ýer yranmasynyň hem, ilkibaşdaky gorkym aýrylan dessine, mende döreden täsirleri ýom-ýok bolup ötägidipdi. Hamala diýersiň, bal günüme batan ýaly, ne-hä Biribary ýatlaýardym, ne-de başymdan inen şu külpetli günleriň Onuň eradasy bilen bolýanynyň ýorgudyny ýoryardym. Ýöne syrkawlap, ölümiň güzaply ejirleri gözümiň öňünde ör-boýuna galan pursadynda, ruhum agyr keseliň labyrynyň astynda ýegşerilip, gazaply ysytma halys ysgyn-rowgatymy alan pillesinde, uzak wagtdan bäri ukuda ýatan wyždanym oýanyp ugrady; şol wagta çenli bolup ýörşüm üçin öz-özümi köteklemäge başladym; diňe şonda öz aç-açan bozgak edähetlerim sebäpli Haktagalanyň öz adalaty bilen, edil menden gazaply ar alýan dek, agyr zarbalary depämden inderenine düşünip galdym. Şol pikirler kesellänimiň ikilenji we üçülenji günlerinde meni juda ýowuz basmarlady. Ysytmanyň çekdirýän jebrine hem-de wyždanymyň ahmyrly ejirlerine tap getirip bilmän, agzymdan Biribara ýalbarýan doga-dileglere çalymdaş sözler çykýardy, megerem, olar arzuw bilen umydyň däl-de, eýsem, diňe gorky bilen umytsyzlygyň edýän oýnudy. Pikirlerim bulam-bujardy, öz etimi özüm iýerlidim; şunuň ýaly göz-gülban halda ölüp gitmegiň elhençligi haýýadymy göçürip, kejebämi daraldýardy; janhowluma näme diýip, näme goýýanymy biler ýaly däldim. Men: «Biribar, men bir betbagt mahluk! Eger keselläýsem, idi-yssywatsyz ölüp giderin. Halym niçik bolar!» diýip, möňňürip goýberdim welin, gözümden paýrap ýaş gaýtdy, onsoň birsellem içim-içime sygman agladym. Şol wagt kakamyň şu hekaýatyň başynda gürrüň berlen ýagşy öwüt-ündewlerini, welilik bilen aýdan sözlerini ýada saldym. Kyblam atam ýüregime düwen niýetimden dänmesem, Hakyň meni ýalkamajagyny, öz pendi-nesihatyny tutmanyma ahyr bir gün, barybir, ahmyr etjegimi, emma şonda, megerem, dadyma ýetişere adam tapylmajagyny aýdypdy. «Wah, wah-eý — diýip haýkyrdym — Mähriban kakamyň aýdany hak bolup çykdy; Ýaradanyň adalaty ezenegimden ebşitläp tutdy, indi dady-perýadymy eşidip, haraýýma ýetjek adam bolmaz! Men birkemsiz guwanyp, peýwagtyma ýaşap ýörmeli asuda durmuşy maňa bagyş eden Ýaradanyň kalbyma guýan hikmetlerine gulak asmandyryn; muňa ne-hä özüm düşünjek bolupdyryn, ne-de enem-atamyň pendine-nesihatyna hä diýipdirin.
Kemakyllyk edip olaryň bagryny paralap gaýdypdym, indi bolsa, şol eden işimiň netijeleri öz bagrymdan ok bolup geçýärdi. Olaryň şu dünýäde maňa abraý getirjek, her bir işimi asan etjek hemaýatdyr goldawlaryndan ýüz öwürdim, indi bolsa men hut tebigatyň özüniňem kömek ederinden çökder kynçylyklara garşy göreşmeli boldum, özi-de ýeke özümdim, kömek etjegim, teselli berjegim, geňeşip-maslahatlaşjagym ýokdy. Onsoň çydap bilmän: «Eý, Biribar, özüňden medet, men bir biçäre bendäň!» diýip gygyrdym. Bu meniň şonça ýyldan soň ilkinji ýola mynajat edişimdi, elbetde, bolşuna görä.
Ýene gündelige dolanyp geleliň.
28-nji iýun. — Gijeki ukudan soň az-owlak kuwwatlanyp aýaga galdym; ysytmadan doly saplandym; gören düýşüm sebäpli biçak gorkanyma we eýmenýä-nime garamazdan, barybir, ysytma tutgaýynyň ertir ýene gaýtalanmagynyň mümkindigini göz öňünde tutdum-da, eger halym teňleşse, gerek bolaýjak gurplandyryjy närseleri

öňünden jemläp goýmagy ýüregime düwdüm. Birinji işim daşyna galyň mata tutulan äpet çüýşäni suwdan dolduryp, düşegimden elim ýeter ýaly edip, stoluň üstünde goýmak boldy. Suwuň dümew ýa-da ysytma döredýän täsirlerini aýyrmak üçin, onuň üstüne çärýek pinta barabar rom guýup çaýkaşdyrdym. Ondan soň geçiniň etinden bir bölek kesip, közde kakmaç bişirindim, ýöne kän iýip bilmedim. Aýagymy ýazmaga çykdym, ýöne ysgynsyzlykdan ýaňa zordan ýöräp bildim. Üstesine, gözgyny ýagdaýym barada pikirlenip, ysytmanyň ertir ýene gaýtalanmagyndan howatyrlanyp gam-gussa batypdym. Agşam üç sany pyşdyl ýumurtgasyny gyzgyn gora gömüp, çalaja bişirip şamlyk edindim. Şonda, ýadyma düşüşine görä, ömrümde ilkinji ýola nahardan soň Biribara şükür etdim. Garbananymdan soň biraz aýlanasym geldi, ýöne halys mejalym bolmansoň, iň bärkisi, tüpeňimi hem göterip bilmedim. Men hiç haçan tüpeňsiz gezmäge çykmaýardym. Şonuň üçin kän uzaklaşman ýere çökdüm-de, öňümde asuda, endigan ýaýylyp ýatan deňzi synladym. Şol ýerde otyrkam oýa batdym: «Aňyrsy-bärsi görünmeýän şu deňiz bilen gury ýer nämekä? Bular haçan döredikä? Men kim? Öýdeçi ýa-da düzdeçi, adam ýa-da haýwan, bu janly-jandarlar näme? Biz nireden gelýäris, gözbaşymyz nämede? Gürrüňsiz, biziň barymyzy: ýeri, asmany, howany, deňizleri bir gizlin Erada ýaradypdyr. Ol kimkä?» Ine, şeýlelikde, barça zady ýaradanyň Haktagaladygy öz-özünden düşnükli bolup başlady. Soňra bolsa, mende haýran galdyryjy bir pikir döredi: eger Haktagala şu närseleriň hemmesini bar eden bolsa, diýmek, Ol şol närseleriň barysyna ýol görkezýän, şol närseler bilen bagly ähli işlere höküm edýän bolmaly; sebäbi şolaryň ählisini ýaradyp bilýän Erada hökman olara höküm edip, dogry ýola gönükdirip hem bilýändir. Eger şeýle bolsa, onda Onuň işleriniň ümmülmez giňişliginde hiç bir zadyň Onuň ylmyndan ýa-da takdyryndan bidin amala aşmagy mümkin däl ahyryn.
Eger Onuň ylmyndan bidin hiç zat amala aşmaýan bolsa, Ol meniň şu ýerdedigimi, gözgyny haldadygymy hökman bilýändir; eger Onuň takdyryndan bidin hiç zat amala aşmaýan bolsa, onda başymdan inen şu külpetleri Onuň özi maňlaýyma ýazandyr. Şu çykaran netijelerime ters gelýän hiç hili pikir kelläme gelmedi, şonuň üçin hem olar mende has-da güýçli täsir galdyrdy, ýagny başyma düşen şu ahwalaty Haktagala maňlaýyma ýazan bolmalydy; meni şu gözgyny ýagdaýa Onuň hökümi sezewar eden bolmalydy, sebäbi Ol diňe bir meni däl, eýsem, külli älem-jahany buýrugyna tabyn edýän ýeke-täk güýjüň eýesidi. Men: «Gudraty Güýçli näme üçin meni jezalandyrýarka? Beýle bolar ýaly meniň ýazygym nämedikä?» diýip, pikir ýumagyny çözläp başlanym hem şoldy welin, birdenkä, göýä diýersiň, küpür geplänim üçin ýaly, wyždanym al-petimden aldy, göwnüme bolmasa, onuň özi dil açana meňzeýärdi: «Päheý, bidöwlet zaňňar! Ýazygym nämekä diýen bolmaň näme? Salgyma gyzyp, ýel gysymlan ýaly geçip giden ýyllaryňa bir äňedip gör, nämeler etmäniňi ilki özüňden sora. Näme üçin sen şu çaka çenli heläk bolman gezip ýöreniňi sora? Nämüçin Ýarmut aýtymynda gark bolmadyňkaň? Sale şäheriniň garakçylary gämiňizi basyp alanda, garpyşykda öldürilmändiň, Afrikanyň kenarlarynda wagşy ýyrtyjylar seni tüýt-müýt etmändi, şeýle dälmi? Gäminiň ähli deňizçilerinden diňe sen gark bolman galypdyň gerek? Şonda-da sen ýazygym nämekä diýen bolýaň, şeýlemi?». Wyždanymda dörän bu sowallar meni serpmeden gaýdan ýaly etdi.

Aýdara kelam agyz sözüm, öz-özüme berip biljek ýeke jogabym hem ýokdy. Ünjüli we tukat halda ýerimden turdum-da, pyşdyllap tünegime gaýtdym. Haýatdan aşyp geçdim-de, ýorgana girip ýatmaga çemelendim. Ýöne gozgalaň tapan gamgyn pikirlerden ýaňa gözüňe uky geläýse-dä!? Onsoň men eýýäm iňrik garalany üçin, ýag çyrany ýakyp, oturgyja çökdüm. Ysytmanyň täzeden tutmagyndan heniz hem juda heder edýärdim. Ine, birdenkä-de, braziliýalylaryň islendik kesel üçin diýen ýaly derman-därä derek temmäki ulanýany güpbe ýadyma düşdi. Sandyklaryň birinde birnäçe düýrüm temmäki bardygyny bilýärdim, düýrümleriň biri doly işlenen taýýar temmäkidi, beýlekiler bolsa, düýrlenip guradylan ýapraklardan ybaratdy.
Şübhesiz, Ýaradanyň özi ýüregime guýan bolmaly, temmäki gözlemäge hyýallanyp, gowaga baraga-da, şol sandygy açdym welin, ondan ruhumyň hem-de bedenimiň hakyky emini tapdym. Dogrusy, sandygy açyp, agtarýan zadymy — temmäkini tapdym, ýöne gep onda däl, sandykda gämiden äkelen Injil kitap-larym hem bar eken. Ozal hem gürrüň berşim ýaly, şol çaka çenli kitaplara göz aýlamaga hem wagtym bolmandy, islegimem ýokdy. Bir Injili temmäki bilen bilelikde alyp gaýtdym-da, getirip stoluň üstünde goýdum. Kesel bejermek üçin temmäkini nähili ulanjagymy bilmeýärdim, onuň ysytma peýdasynyň-zyýanynyň bardygy hem belli däldi. Barybir, «belki, bir netije bolar-da» diýip, synag geçirmäge girişdim. Ilki bilen bir ýaprak temmäki alyp, agzyma saldym-da, çeýnäp başladym. Temmäki entek gök hem bolsa, ýitije eken. Heniz beýle zada öwrenişmämsoň, ol meniň beýnimi mazalyja dumanlatdy. Ukudan öň iki-üç owurt içmegi ýüregime düwüp, az-owlak temmäkini romuň içine atyp, birki sagat gaýnatdym. Ahyryn bolsa, gyzgyn tabada temmäki tüsseledip, burnumy şoňa ýakyn tutup durdum, temmäkili köz ýüzüme-gözüme çabrap, demikdirerli bolsa-da, bialaç çydamaly boldum. Içime temmäki tüssesini dartyp oturyşyma, bir böwşeňlik tapyp, Injili elime aldym-da, okamaga synanyşdym, ýöne temmäkiden ýaňa kelläm sämäp duransoň, synanyşygymy şol gezeklikçe bes etmeli boldum. Ýöne kitaby ugralla açan pursadymda ilki bilen: «Dertli günüňde Maňa sygyn, Men seni halas ederin, sen bolsaň Maňa alkyş okap, şükür edersiň» diýen jümlä gözüm düşdi. Tüýs meniň ýagdaýyma çemeli bu jümläni okan wagtym ol maňa biraz täsir etdi, emma, barybir, şol täsir hem geçişdi. Çünki meniň sezewar bolan ýagdaýymy göz öňünde tutanyňda, «halas edilmek» diýen düşünje şeýlebir bimany, amala aşmakdan şeýlebir uzakdy welin, iýer ýaly et wada edilende Ysraýyl ogullarynyň «Haktagala şu çöl-beýewanda nädip saçak ýazyp bilerkä?» diýip soraýyşlary dek, men hem «Haktagala meni bu ýerden nädip halas edip bilerkä?» diýip hümürdedim. Şol wakadan soň ençeme ýyllap halas bolmak hakynda hiç hili umydyň ýüze çykmazlygy sebäpli, şol pikir agramly bolmagynda galdy. Barybir, şojagaz jümle maňa şeýlebir güýçli täsir edipdi welin, soň-soňlar hem ol barada göwün ýüwürdip gezdim.
Eýýäm garaňky düşüpdi, temmäki tüssesinden ýaňa halys kelläm güwläp, gabaklarym barha bürülýärdi. Bardy-geldi, gije bir zat zerur bolaýsa diýip, gowakdaky ýag çyrany öçürmän ýorgana girdim. Ýöne uka gitmänkäm, ömrümde hiç haçan etmedik bir işimi etdim: men dyzyma çöküp durdum-da, Haktagaladan eger dertli günümde Oňa sygynsam, onda Onuň meni halas etjegi baradaky wadasyny

ýerine ýetirmegi üçin doga-dileg etdim. Men üzlem-saplam, düşnüksiz dilegimi soňladym-da, temmäki goşup gaýnadan romumy içdim welin, ol edil zakgun ýaly eken we bokurdagymdan zordan ötdi. Onsoň şol bada ýorgany başyma çekdim. Içginiň zory kellämi ýaryp barýan-da bolsa, asuda uklap galypdyryn. Ertesi gün oýanan mahalym, Günden çen tutup, wagtyň öýlän sagat üç töweregi bolanyny çakladym; ýok, aslynda men ertesi günuzyn, gijesi bilen ýatyp geçirip, diňe üçülenji gün öýlän turan bolmaly. Sebäp diýseň, ençeme ýyl geçensoň ýüze çykyşy ýaly, öz ýöredýän hepdelik gün hasabymdan bir güni nädip sypdyranymy başga hili düşündirmek mümkin däldi. Eger ekwator çyzygyna görä wagt süýşen bolanlygynda, onda bir däl-de, has köp gün süýşen bolmalydy. Emma men, şeksiz, ýekeje güni sypdyrypdym, ýöne munuň nähili bolanyny welin, hiç haçan bilip bilmedim. Haýsysy bolanda-da, men ukudan oýanan wagtym özümi örän gujurly duýýardym, keýpim kök, şähdim açykdy. Ýerimden turanymda, düýnkä görä has çulumdym. Aşgazanym ganymatlaşan borly, içim eljuk diýýärdi. Az-kem bildirse-de, ysytma tutmady. Şol gün iýun aýynyň 29-ydy.
Aýyň 30-y güni, elbetde, meniň üçin örän gowy gün boldy. Tüpeňimi alyp, gezelenje çykdym, ýöne öýümden o diýen uzaga gitmedim. Ördege çalym edip duran iki sany deňiz guşuny awlap, öýe äkeldim. Ýöne olary iýmäge ýürek etmän, örän tagamly pyşdyl ýumurtgalaryndan naharlandym. Agşamlyk ýene öňňinki dermandan, ýagny temmäki bilen gaýnadylan romdan içdim, şu gün saglygymy dikelden şol bolmalydy. Ýöne bu gezek ony köp içmedim. Ýapragam çeýnemedim, burnumy temmäkiniň tüssesine-de tutmadym. Şeýle-de bolsa, ertesi, 1-nji iýulda özümi tama edişim ýaly gowy duýmadym; sebäbi, az-kem üşüdip, ýoňladym.
2-nji iýul. — Temmäki dermanymy ilkinji gezekdäki ýaly üç usulda hem berjaý etdim. Temmäkili romy iki esse edip içdim.
3-nji iýul. — Ysytmadan gutarnykly saplandym, emma özümi tutýançam, birnäçe hepde gerek boldy. Şeýdip, güýjümi toplap ýörkäm, otursam-tursam «seni halas ederin» diýen doga hakynda oýlanýardym. Halas bolmak baradaky inçe umydym gury ham-hyýal bolup aňymda pelesaň urýardy; ýöne şu hili pikirlere üstümi basdyryp, diňe häzirki heläkçilikden halas bolmak hakynda şunça kelle çişirip ýörşüme, mundan ozalky halas bolan gezeklerimi unudanym hakydama geldi. Onsoň öz-özüme şeýle sowallar bilen ýüzlendim: «Gözümiň oduny alan iň bir elhenç ýagdaýdan, ýagny syrkawlygymdan ajaýyp gudrat bilen açylmadymmy? Şoňa berin üns berdimmi? Minnetdar boldummy? Ýaradan meni halas etdi, ýöne men Oňa alkyş okap, şükür etmedim, diýjek bolýanym, muňa halas bolmak hökmünde garap, minnetdar bolmadym; ýeri, onsoň, men mundan beter nähili halas bolşa tamakin bolýarkam?» Şol pikir ýüregimiň doňuny eretdi; dessine dyzyma çökdüm-de, meni keselden halas edeni üçin Beýik Haktagala şükür etdim.
4-nji iýul. — Irden Injili elime alyp, «Täze bölümi» açdym we agraslyk bilen okamaga başladym. Indi irden-agşam her gün iki gezek, «pylança bap» diýip oturman, tä ýadap ünsüm gowşaýança Injil okamagy özüme hökmany edip belledim. Şol işe çynlakaý çemeleşip ugranymdan kän wagt geçmänkä, bihuda öten ömrüm sebäpli ýüregimde düýpli, päkýürekli ynjama peýda boldy. Gören düýşümi ýatlap

inim jümşüldedi; «Şunça waka seni henizem toba getirmändir» diýen söz aňymda köwsarlap ugrady. Haktagala tüýs ýüregimden nalyş edip, tobamy kabul etmegini diläp, dek şol gün Injil okap otyrkam, Biribaryň eradasy bilen: «Ol tobalary kabul edip, ýalkaýan beýik Halas ediji Hökümdardyr» diýen sözleriň üstünden bardym. Kitaby dessine birýan aýryp, gollarymy asmana göterip, begenjimden içim-içime sygman, tüýs ýüregimden: «Eý, Dawudyň ogly Isa! Eý, beýik Halas ediji Hökümdar! Tobamy kabul et!» diýip, sesimiň ýetdiginden gygyrdym. Şol meniň sözüň hakyky manysynda, ömrümde ilkinji gezek mynajat edişimdi; çünki indi men öz ýagdaýyma hem-de beýik Haktagalanyň kelamynyň berýän hakyky umydyna Hakyň kelamy esasynda garap dileg edýärdim. Şol pursatdan başlap, mende Haktagalanyň dadymy eşitjegine umyt döredi.

«Dertli günüňde Maňa sygyn, Men seni halas ederin, sen bolsaň Maňa alkyş okap, şükür edersiň» diýen kelama indi ozalkymdan has başgaça düşünip başladym. Sebäbi ozal şu adadaky tussaglykdan sypmakdan başga hiç bir zada «halas bolmak» hökmünde garamaýardym. Tussaglyk diýýänim, adada «öz elim — öz ýakam» bolsa-da, barybir, bu ýer meniň üçin tussaghanady, onda-da dünýädäki iň ýowuz tussaghanady. Ýöne indi men bu söze başgaça many bermegi öwrenipdim: indi geçmişime juda eýmenip ser salýardym, günälerim maňa şeýlebir ötülmez-geçilmez bolup görünýärdi welin, ýüregim Haktagaladan diňe bar ynjalygymy gaçyryp, gerdenimden asylýan şol günälerimiň ýükünden halas etmegini isleýärdi. Çekýän ýalňyzlygym şol ýüküň ýanynda hiç zat bolup galýardy. Ýeke ýaşamakdan halas bolmak üçin onçakly dileg etmedim, hatda şol kelläme-de gelmändir. Günälerimiň ýanynda ojagaz indi gözüme-de görünmeýärdi. Men bu zatlary şu hekaýaty okajak adamlar «ahwalatlaryň düýp manysyna akyl ýetireninde, günälerden halas bolmagyň betbagtlykdan halas bolmakdan has haýyrlydygyna düşünerler» diýip aýdýaryn.

Bu gürrüňi şu ýerde soňlap, gündelige gaýdyp geleýin.

Ýaşaýşymdaky kynçylyklar kän bir üýtgemedik bolsa-da, indi göwnüm birneme aram tapypdy. Yzygiderli Injil okamak hem-de gudraty güýçli Haktagala mynajat etmek arkaly oý-pikirlerim has belent häsiýetli närselere gönügip, kükregim ozal düýbünden nätanyş bagtyýarlyk hem-de rahatlyk duýgusy bilen joşup durdy. Onsoň saglygym we güýç-kuwwatym dikeleni üçin, özüme zerur zatlaryň ugrunda täzeden hysyrdanyp başladym, özümem ýaşaýyş şertlerimi başardygymdan tertibe saldym.

4-nji iýuldan 14-nji iýula çenli, men köplenç elime tüpeňimi alyp gezelenje çykdym, ýöne öýden kän daşlaşman, keselden soň heniz özüni dürsäp ýetişmedik näsag ýaly, gezelenç wagtymy her gün az-azdan köpeltdim. Nähili lagar düşüp, horlananymy göz öňüne getirmek hem kyn.

Temmäkili em düýbünden täze açyşdy, megerem, mundan ozal hiç kim ysytmany şeýdip bejeren däl bolsa gerek. Şonda-da, men ony hiç bir näsaga maslahat berip biljek däl. Ol ysytmany aýran hem bolsa, bar ysgyn-mydarymy alyp, süňňümi gowşadypdyr, sebäbi şondan soň wagtal-wagtal degnalarym dartylyp, synalarym çekdi durdy. Ondan başga-da, şol kesellänim maňa ýagyşly möwsümde, esasan hem, harasat we gaý-tupan gatyşykly ýagyşlarda daşaryk çykmagyň saglygym üçin diýseň hatarlydygyny öwretdi, çünki gurak möwsümde harasat gopan mahaly ýagýan

ýagyşlar sentýabr-oktýabr aýlarynda ýagýan adaty ýagyşlardan has howply bolýar eken.

## VII bap

Şu tukat adada ýaşap ýörenime on aýdan gowrak wagt bolupdy. Bu ýerden gaçyp gutulmagyň hiç hili alajy ýok ýalydy, bu çola ýere adam aýagynyň sekmänine men pugta ynanýardym. Mesgenimi öz göwün islegime görä mäkämläp dynanymdan soň, adany has göwnejaý aýlanyp çykmaga hem-de şu çaka çenli maňa-mälim bolmadyk nähili haýwanlaryň, ösümlikleriň bardygyny bilmäge uly höwes döredi.

Men 15-nji iýul güni adany bir ýan çetinden başlap, jikme-jik gözden geçirmäge girişdim. Ilki bilen kenaryna sal ýüzdürip getiren aýlajygyma bardym. Onuň boýuny syryp, ýokarlygyna iki mil çemesi ýöräp, daşgynyň bu ýere gelip ýetmeýänini gördüm, aýlajygyň bolsa örän dury, süýji suwly bir çeşme çaýynyň deňze guýýan ýeridigine göz ýetirdim. Gurak möwsümdigi sebäpli, çeşmäniň hanasynda onçakly suw ýokdy, ol insizje hana ýasap, zordan şildiräp akýardy. Çaýyň iki ýakasynda ösgün gök otlara basyrynyp oturan, seýrek agaçly we gyrymsy ösümlikli, eliň aýasy ýaly tekiz, ajaýyp çemenzarlyklar ýaýylyp ýatyrdy; olaryň kem-kemden beýgelip, baýyrlara ulaşyp gidýän, suw joşguny ýetmeýän ýerlerinde bolsa birgiden syrdam temmäki agajy gök öwsüp otyrdy. Ol ýerde ömür görmedik, nähili aýratynlyklarynyň bardygyny bilmeýän her dürli ösümliklerim ösüp oturan ekeni. Men manioka agajyny agtardym, ýöne tapyp bilmedim. Braziliýanyň indeýleri şol agajyň köküngen un ýasap, çörek bişirinýärdi. Men sarysabyrlar (aleo) maşgalasyna girýän ullakan ösümlikleri hem gördüm, emma olardan nähili peýdalanyp boljagyny anyklap bilmedim. Olardan başga-da, şekerçiňrigiň hem ençeme görnüşine duş geldim, ýöne olar ýabany ösensoň, hili onçakly däldi. Men bu günlükçe şol açyşlarym bilen kanagat edip, öýe dolandym. Ýolda gelýärkäm, gören ösümliklerimiň, miwelerimiň nähili häsiýetleriniň bardygyny, olardan nähili peýdalanyp boljagyny öwrenmegiň usuly barada oý-pikire çümdüm. Ýöne belli-külli netijä gelip bilmedim. Umuman aýtsam, Braziliýada ýaşan döwrümde ol ýeriň ösümlik dünýäsi bilen o diýen gyzyklanmanym üçin, ýabany ösýän ösümlikleri kän bir tanamaýardym; iki-ýeke ösümlik barada bilýän maglumatlarym bolsa, häzirki çykgynsyz ýagdaýymda derde ýarajak däldi.

Ertesi gün, aýyň 16-synda, ýene öňki ýol bilen ýöräp gitdim; düýnki ýerden biraz aňryk geçen wagtym, çeşme we seýrek agaçly, gyrymsy ösümlikli çemenzarlyk gutardy. Bu ýerler öňkä garanyňda has tokaýlyk eken. Adanyň şol künjeginde her dürli ir-iýmişleri, esasan hem, ýerde bolelin togalanyşyp ýatan gawunlary hem-de agaç şahalaryndan sallanyşyp duran üzüm hoşalaryny tapdym. Üzümleriň gollary, hakykatdan-da, agaçlara çyrmaşyp gidipdir, eräp akarly görünýän, bala dönen üzüm hoşalary bulduraşyp, salkym-salkym sallanyşyp, özüni güjeňläp otyrdy. Men bu haýran galdyryjy açyşa hoşwagt bolup, depäm göge ýetdi; emma üzümleri örän ägä bolup iýmelidigini öz tejribelerimden bilýärdim, sebäbi berberler ýurdunda ýesirlikde bolanymda, özüm ýaly gul edilip saklanýan birnäçe iňlis dostumyň üzümden aşa

düşüp, içgeçme bilen ysytma tutup amanadyny tabşyrany ýadyma düşüp durdy. Ýöne men bu üzümlerden peýdalanmagyň örän oňat usulyny tapdym, ýagny olary Güne serip, kişmiş edip ýygnap goýmalydy. Üzüm hasyly sowlansoň, kişmiş agyz süýjedip iýmäge boljakdy.

Men öýüme dolanman, gijäni şol ýerde geçirdim. Dogrusyny aýtsam, şol gije meniň adada ýaban ýatan ilkinji gijäm boldy. Kenara çykan gijämde bolşy dek, bir agaja dyrmaşyp mündüm-de, şol ýerde ýatyp hezil edip ukladym, irden bolsa gezelenjimi dowam etdim. Öňümden çykan jülgäniň uzynlygyndan çen urup aýtsam, demirgazyga tarap dört mil çemesi ýol ýörändirin. Gyrmyldap barýarkam demirgazyk we günorta tarapymda baýyrlaryň örküç-örküç gerişleri beýgelip gidýärdi. Ýörişimiň ahyrynda günbatara bakan endigan peselip gidýän sonarly düzlügiň üstünden bardym. Meniň aýak çeken ýerimdäki baýryň eňňidinden lummurdap çykýan çeşmejik, ters ugra, ýagny gündogara bakan akyp ýatyrdy. Ol ýerde daş-töwerek edil adam eli bilen ekilip bejerilen bagy-bossanlyk ýalydy. Baglar gök salyp, al-elwan, hil-hil otlar gök-parç bolşup otyrdy, ähli gül-gunçalardan bahar paslynyň hoşboý ysy bark urýardy. Şol täsin jülgäniň ýapgydy bilen azajyk aşak düşüp barşyma, gussa gatyşykly iç-gin lezzete gurşalyp, degre-daşyma aňkaryp seredýärdim. Bu jelegaýlaryň hemmesiniň öz emlägim hasap edilýäni, özümiň gep-gürrüňsiz bu ýerleriň hökümdary hem-de hojaýynydygym, bu adany öz eýeçiligime geçirmäge hukugymyň bardygy, eger başarsam, edil Angliýadaky islendik bir mülküň lordy kimin, bu topraklary öz neberelerime miras galdyryp biljegim barada süýji hyýallara gark boldum. O taýda kakao diýermiň, pyrtykaldyr limon diýermiň, gögerip oturan agaçlar örän köpdi, ýöne olaryň ählisi ýa-ha ýabany ösýänidi, ýa-da hasyly sowlany sebäpli, iki-ýekesinde bolaýmasa, şahalarynda miwe örän azdy. Şeýle-de bolsa, meniň ýygyp alan gök limonlarym hem-ä tagamlydy, hemem öte ýokumlydy. Soňra limonlary sykyp, suw goşup içdim welin, janyma tenekar bolup, maňa güýç-kuwwat berdi. Indi şol miwelerden ýygyp, öýe daşamak bilen bagly eslije iş çykypdy. Sebäbi men ýetip gelýäni äşgär bildirýän ýagyşly möwsümde özümi üzüm hem-de limon bilen üpjün etmek üçin, şolardan ýygyp, gowagyma basyp goýmagy müwessa gördüm. Şol maksat bilen hem, üzüm baryny ýygdym-da, biri uly, biri biraz kiçiräk iki sany üýşmek edip, üýşürip goýdum. Başgarak bir ýerde bolsa, laýmlardyr limondan uly bir tümmek ýasapdym. Onsoň miwedir üzümleriň hersinden elime syganyndan aldym-da, öýüme bakan ugradym. Galanyny daşamak üçin bolsa, halta ýa-da torba alyp, ýene dolanyp gelmegi ýüregime düwdüm. Şeýlelikde, üç güne çeken syýahatymy tamamlap, öýe gaýdyp geldim (men indiden beýläk öz çadyrym bilen gowagymy «öýüm» diýip atlandyrmakçy), ýöne öýe gelip ýetýänçäm, elimdäki üzümler zer-zaýa boldy. Süýjüliginden ýaňa eräp akyp barýan üzüm hoşalary öz agramyna mynjyrap, iýerligi galmandy. Laým-limonlar durumly eken, ýöne olardan az alyp gaýdypdym.

Ertesi gün, aýyň 19-ynda, ýygan hasylymy öýe getirmek üçin egnime iki sany kiçijik halta atyp, ýene şol ýere gitdim. Emma üzüm üýşmekleriniň ýanyna golaýlaşan pilläm, ýygan wagtym bulduraşyp gözüňi dokundyrýan üzüm hoşalarynyň tüýt-müýt edilip, basgylanyp, aýak astynda, köpüsi iýlen halda leýs bolup ýatanyna gözüm düşüp, edil serpmeden gaýdan ýaly boldum. Diýmek, bu iş şu jelegaýda sümsünip

ýören, nä tüýsli mahlukdygy näbelli jandarlaryň etmişi bolmaly diýip, öz ýanymdan pikir öwürdim. Şonda üzümleri küdeläp goýup bolmajagyna-da, halta salyp, äkidip bilmejegime-de göz ýetirdim, sebäbi münderläp goýsaň näme boljagy eýýäm bellidi, halta salsaňam, barybir, öz agramyna mynjyrap, suw boljakdy. Onsoň başgaçarak bir tär oýlap tapdym. Üzüm baryny ýygdym-da, Güne gurar ýaly agaçlaryň ýalaňaç şahalaryndan asyp, sallaşdyryp çykdym. Laýmdyr limonlary bolsa, halta gapgaragadan, göterip bilenimden arkama atyp, öýe gaýtdym.

Syýahatymy aýaklap, öýde ýük ýazdyran wagtym, jülgäniň bitginligini, uçursyz gözelligini hem-de harasatlardan göwnejaý penalanýanyny, çeşme-çaýlaryň şarlaşyp, tokaýlygyň gök öwsüp oturyşyny lezzet bilen hyýalymda janlandyrdym we ýurt tutunmak üçin adanyň iň bir bolar-bolmaz bölegini saýlap alanyma göz ýetirdim. Umuman, men şeýdip, öýümi göçürmek barada pikirlenip başladym. Nesibäm çekip, şol gök-parç bolup oturan sapaly jülgeden häzirki öýüm ýaly howp-hatardan hatyrjem bir ýerjagaz edinsem, örän oňat boljakdy.

Bu pikir uzak wagtlap kellämde aýlandy durdy, men öýümi göçürmäge örän döwtalapdym. Jülgäniň taýsyz gözelligi meni özüne maýyl edýärdi. Emma bu meselä has ýakyndan garanymda, şu wagtky ýaşaýan ýerimiň deňziň kenaryna juda ýakyndygyny, şu ýerde bolsam, özüm üçin amatly bir wakanyň ýüze çykmagynyň mümkindigini hem-de meni şu jelegaýa oklan şum täleýiň, belki, başga betbagtlary hem şu ada getirip taşlamagynyň ähtimaldygyny, ýöne şeýle hadysanyň bolmagy onçakly mümkin görünmese-de, barybir, adanyň ortarasynda baýyrlar bilen tokaýlaryň jümmüşinde gabalyp oturmagyň diňe bir ömürlik şu taýda galmaga razy bolmagy däl-de, eýsem, halas bolmak umydymy azaltmagy, hat-da düýp-teýkary bilen ýok etmegi hem aňlatjagyny göz öňünde tutup, hiç bir ýagdaýda häzirki ýerimden gozganmaly däl diýen netijä geldim. Şeýle-de bolsa, şol jülge meni şeýlebir owsunlapdy welin, iýul aýynyň galan günlerinde wagtymyň köp bölegini şol ýerde geçirdim. Ölçerip-döküp, öýümi göçürmezlik barada netijä gelende bolsam, jülgede kiçeňräk telär gurup, daş-töweregine syrdam pürslerden dikişdirip, ör-boýuma ýetip duran, jebis ikigat aýmança ördüm. Iki örümiň aralygyny bolsa, çybykdyr çöňürtge bilen basgylap doldurdym. Howlujygym indi örän ygtybarly bolupdy. Şeýlelikde, kämahal bu ýere iki-üç gijelik ýatymlaýyn gelmäge başladym. Germewiň üstünden merduwana dyrmaşyp geçýärdim. Şeýlelikde, indi öz ýanymdan «jülgede-hä telärli howlym, deňziň kenarynda bolsa, öýüm bar» diýýärdim. Telärli howly bilen bagly işler awgust aýynyň başyna çenli dowam etdi.

Men aýmançanyň örümini ýetirip, ýaňy bir çeken zähmetimiň hözirini görüp ugrapdym welin, birdenkä ýagyşlar ýagyp başlady. Onsoň öňküje tünegimde ýatmaly boldum. Aslynda, telärli howla ýelken eltdim, edil gowakdaky ýaly edip çadyr gurnupdym, ýöne ol ýerde ne-hä meni harasatlardan penalajak baýyr gerşi, ne-de şabyrdap guýýan güýçli ýagyşlardan gaçyp atar ýaly gowak bardy.

Aýdyşym ýaly, awgustyň başlaryna çenli telärimi gurup gutardym we ýaýnap dynç almaga başladym. 3-nji awgustda, serişdirip, asyp goýan üzüm hoşalarymyň Günüň howruna birkemsiz gurap, baldan datly kişmişe öwrülenini gördüm. Onsoň olary agaçdan düşürmäge girişdim. Şeýdenim gowy bolaýdy, ýogsam jybarlap-köwsarlap

ýagmaga ýüz uran ýagyşlar olary haraplap, gyşlyk azygymyň iň ajaýyp bölegini zaýalaýjak eken. Kişmiş eden ullakan-ullakan hoşalarymyň sany iki ýüzden hem geçýärdi. Olaryň baryny agaçdan düşürip, aglabasyny gowaga daşap gutaranymyň yzysüre, howa gamaşyp, bulutlar asmanyň ýüzüni tutmaga başlady. Şol günden, ýagny awgustyň 14-inden başlap, tä oktýabryň ortalaryna çenli her gün azdan-känden dynuwsyz ýagyş ýagdy. Kä gün dagy şeýlebir jala gelip, töwerek suw-sil bolýardy welin, telim günläp gowakdan çykyp bilmän oturýardym.

Şol ýagyşly möwsümde, duýdansyz ýerden «maşgalamyň» sany köpeldi oturyberdi. Gowakda saklaýan pişiklerimiň biri näçe wagtdan bäri edil guýa gaçan ýaly gürüm-jürüm bolupdy. Oňa juda haýpym gelip, gynanyp ýördüm. Ol janawar bir ýerde ölüp galandyr öýdübem göwnüme getirýärdim. Ana, şol pişik, meni haýran galdyryp, awgust aýynyň aýagynda üç sany çagasyny yzyna tirkäp, öýe geläýdi. Meni has geň galdyran zat, öýdäki pişiklerimiň ikisi hem urkaçydy. Ýöne çaga pişikleriň üçüsem öz öýdeçi eneleriniň jynsyna meňzeş bolansoň, men olaryň atasy barada juda iňkise gitdim. Dogrusy, ozal bir ýabany pişigi tüpeňim bilen atyp öldüripdim, ýöne onuň jynsy ýewropa pişiklerinden düýpgöter üýtgeşikdi, meniň pişigimiň yzyna düşüp gelen pişijikler bolsa bir almany iki bölen ýaly enelerine meňzeýärdi. Soňundan şol üç pişik çagalap, şeýlebir nesil ýaýradyp, köpeldi welin, ahyr gyran-jyrana saldym welin, öleni öldi, galanam gaçyp ummadan çykdy.

Awgustyň 14-inden 26-syna çenli üznüksiz ýagyş ýagdy, men hem öýden çykman oturdym, sebäbi indi ygally howadan örän äga bolýardym. Gowakda oturyp geçiren döwrümde, azykdan juda kösenip ugradym. Şol sebäpli iki gezek dagy bagta töwekgellik edip awa çykdym. Birinji gezekde bir geçi awladym, aýyň 26-syna gabat gelen ikinji gezekde bolsa, äpet bir pyşdyly ele saldym. Onuň agzyňda eräp barýan etinden gerk-gäbe doýdum. Şol arada öz iýmitlenişimi hem gündelik kada saldym: irden bir hoşa kişmiş, günorta naharda oda daglanyp, kakmaç edilen bir lokga geçi ýa-da pyşdyl eti (çünki börtmeç ýa-da çorba bişiriner ýaly pitiden-gazandan hiç zadym ýokdy), agşam bolsa, köze gömlen iki-üç sany pyşdyl ýumurtgasyndan ybarat ýeňiljek şamlyk — ine, bolany.

Ýagyşlaryň diňmegine garaşyp geçiren şol günlerimde, men gol gowşuryp oturman, günde iki-üç sagat gowagy giňeltmek bilen meşgullandym. Ony gapdallygyna köwüp, insizje ötük ýasap, haýadyň daş ýüzünden baýry böwsüp çykýançam gazmagy dowam etdim. Täze girelgä bir gapy emel etdim-de, şondan girip-çykyp başladym. Emma howlynyň bir ýanyny beýdip açyp goýmak ynjalygymy gaçyrdy. Sebäbi ozal çar tarapym doly ýapylgydy, indi bolsa, daşardan gelip biljek islendik jandar bilen pete-pet boljagym ikuçsuzdy. Şonda-da, adada müçesi geçiniňkiden uly jandara duş gelip görmänim üçin, onçakly howatyr edesi zat ýokdy.

30-njy sentýabr. — Şu gün ada gelip düşenime bir ýyl boldy. Men sütündäki kertikleri hasaplap görsem, kenara aýak basanyma tegelek üç ýüz altmyş bäş gün bolupdyr. Şu güni beýleki dini ybadatlardan tapawutlandyryp, agyz beklenýän mübärek gün diýip belledim. Tüýs ýüregimden tagzym edip, Haktagalanyň huzurynda ähli günälerimi boýun aldym, Onuň men baradaky hökümleriniň hakdygyny kabul etdim, meni hezreti Isanyň hormatyna ýalkamagy üçin ýalbardym.

Gün eňegini ýere berýänçä, on iki sagatlap duz datman agyz bekledim, soňra bolsa, külçe hem-de bir hoşa kişmiş bilen agzymy açdym. Nahardan soň ýorgana girdim. Şol çaka çenli men ýekşenbe günlerini bellemändim, sebäbi ilkibaşda kellämde hiç hili dini düşünje ýokdy. Wagtyň geçmegi bilen, ýekşenbe gününiň kertigini beýlekilerden has uzyn edip, hepdeleri biri-birinden tapawutlandyrmagy hem unudypdyryn. Şonuň üçin hem hepdäniň günlerini anyk bilmeýärdim. Ähli günleriň jemini hasaplap tegelek bir ýylyň dolanyny takykladym. Onsoň başdan başlap, her ýedinji kertigi ýekşenbe güni diýip belläp çykdym. Şol arada bir ýa-da iki günüň kem çykýanyny hem takykladym. Şondan soň kän wagt geçmänkä, gündelik ýazýan syýam paýawlap ugrady. Şol sebäpli her bir zady günübirin ýazga geçirmegi bes edip, syýany has tygşytly ulanmagy we durmuşymyň diňe iň wajyp wakalaryny beýan etmegi müwessa bildim.
Men indi ýagyş ýagýan möwsüm bilen gurak möwsümiň gezekleşigini saýgaryp bilýärdim, şoňa görä, her möwsüm üçin aýratyn taýýarlyk görmegi öwrenipdim. Emma bu tejribäni toplamak maňa gaty çökder düşdi; häzir iň zabun tejribelerimiň biri barada gürrüň bermekçi.
Gaýanyň gyrasynda gögerip oturan arpa bilen şaly baldajyklaryny görüp nähili haýran galanymy hem-de olary öz-özünden çykandyr öýdenimi we bişen wagty olaryň birnäçe sümmülini ýygnap goýanymy eýýäm agzap geçipdim. Ýalňyşmaýan bolsam, otuz töweregi şaly hem-de ýigrimi çemesi arpa sümmüli bardy. Ýagyşly möwsüm gutaryp, Gün ekwatordan günorta tarap süýşensoň, ekiş üçin iň amatly wagt gelip ýetdi diýip hasap etdim. Agaç pilim bilen bir bölejik ýeri bolşuna görä agdaryp pel çekdim-de, ony deň ikä bölüp, şaly bilen arpa dänelerini sepişdirdim. Ýöne, hernä, şol wagt «bar dänäni bir gezekde sepmäýin» diýen pikir kelläme geldi, sebä-bi ekişiň wagtyny heniz anyk bilemokdym. Şonuň üçin dänäniň üçden iki bölegini topraga sepip, arpa bilen şalynyň hersinden tohumlyk hökmünde bir goşawuç alyp galdym. Şeýdenim gaty bähbide çekipdir, sebäbi ilkinji ekişimden hiç hili gögeriş bolmady; ekişiň yzysüre ýagyşsyz aýlaryň başlany üçin, mellejigiň topragy yzgarsyz galyp, tohumlar şine ýaryp bilmedi. Täzeden ýagyşly möwsüm gelensoň welin, olar edil ýaňy ekilen ýaly gö-gerip, boý almaga başlady. Ilkinji eken tohumlarymyň gögermänini görüp, muňa guraklygyň sebäp bolanyna aňsat göz ýetirdim. Onsoň başga synag geçirmek üçin telärli howlymyň ýanjagazyndan ýer agdaryp, çaklaňja atyz çekdim-de, fewral aýynda galanja tohumy şol ýere ekdim. Şonda gije-gündiziň ýazky deňleşmesiniň öňüsyrasydy. Mart hem aprel aýlarynyň bereketli ýagyşlary topragy bolelin yzgarlansoň, däneler birenaýy ygşyldap, gök maýsa boldy-da bol hasyl getirdi. Emma tohumyň barysyny ekmäge täwekgelçilik edip bilmän, diňe bir bölegini ekenim sebäpli, her görnüşden dört ýarym litre ýeter-ýetmez ujypsyzja hasyl aldym. Oňa derek şol tejribäm arkaly öz hünärimiň ussadyna öwrüldim, ýylyň haýsy möwsüminde ekmelidigine bäş barmagym ýaly belet boldum. Indi her ýyl iki gezek ekin ekip, hasyl alyp bilýärdim.
Şol ekinim entek maýsalap otyrka, soňundan näçe diýseň derdime ýarajak kiçijik bir açyş etdim. Takmynan, noýabr aýy uçurlarynda, ýagyşlar sowlup, howa açylan pillesi, näçe aýdan bäri baryp görmedik jülgämdäki telärli howlyma gitdim. Ähli zat

goýşum-goýşum ýaly duran eken. Ikigat edip ören aýmançam mizemän, süňňi bitin saklanypdyr. Bir görsem, golaý-goltumda ösüp oturan agaçlardan çapyp alyp, aýmança üçin ýere kakyp çykan syrdam pürslerim edil dik öseri kesilen söwüt agaçlary ýaly, pudaklap, uzyn-uzyn gol ýaýradyp gidipdir. Pürslerini kesip alan agajymyň adyny bilemok. Emma aýmançadaky nawlaryň şaha çykaryp, gök öwsüp oturmagyna hem geň galdym, hem göwnüm hoş boldy. Olary pudap, biri-birine gyradeň öserleri ýaly birlaý timar berip çykdym. Ol ýaşajyk agaçlar üç ýylyň içinde şeýlebir owadan bolup ösdi welin, gözüň bilen görmeseň ynanar ýaly däldi. Töweregi şol janly haýat bilen gurşalan howlynyň diametri ýigrimi bäş metr çemesi bolsa-da, aýmançadaky agaçlar (indi olara agaç diýsem-de boljakdy) bahym öz şahalary bilen howlynyň üstüni bütinleý ýapyp, goýry kölege saldy. Indi tebit alýan jokrama yssyda şu ýerde salkynlap oturybermelidi. Men bu ýagdaýy gördüm-de, ýene şol agajyň gol-pudaklaryndan çapyp, birinji öýümiň diwarynyň daş ýüzüne ýarym halka edip, edil şunuň ýaly haýat aýlamagy ýüregime düwdüm. Maksadyma-da ýetdim. Agaçlary, has dogrusy, ýaşajyk nawlary öňki haýatdan sekiz ýard aradaşlyga iki hatar edip, ýere kakyp çykdym. Janly haýat kän wagt geçmänkä düýp tutup, ilkibaşda gür ýapraklary bilen howlyma salkyn kölege saldy, soňra bolsa, ajaýyp gorag bolup hyzmat etdi. Bu barada ýeri gelende gürrüň bererin.

Synlamalarym esasynda men şeýle netijä geldim: ýagny meniň düşen adamda ýylyň pasyllaryny Ýewropadaky ýaly sowuk we maýyl pasyllara däl-de, umuman, ýagyşly we gurak möwsümlere bölmek mümkin. Takmynan, ine, şeýleräk:

Gün süýrdepä çykanda ýa-da şoňa golaý wagty, ýagny fewralyň birinji ýarymy — apreliň ortasy aralykda — ýagyşly.

Gün demirgazyk giňişlige tarap süýşende, ýagny apreliň ortasy — awgustyň birinji ýarymy aralykda — gurak.

Gün ýene-de süýrdepä gelen wagty, ýagny awgustyň ikinji ýarymy — oktýabryň ortasy aralykda — ýagyşly.

Gün günorta giňişlige tarap süýşende, ýagny oktýabryň ortasy — fewralyň ortalary aralykda — gurak.

Ýagyşly möwsümler, şemalyň öwsüşine görä, biraz uzak ýa-da gysga bolup bilýär, ýöne ýokarda görkezilişi, umuman, dogry. Ýagyş ýagýan mahaly açyk howada gezmegiň saglyga zyýanlydygyna indi belet bolamsoň, ýagyşly möwsüm başlanmazdan ozal daşaryk azrak çykmak üçin azyk-suwlugymy öňünden üpjün etmegiň aladasy bilen bolýardym we ýagyşlar ýagyp ugrandan öýden çykman diýen ýaly oturýardym.

Şol arada gowakdan çykman edip boljak işlere meşgul bolýardym. Hojalygymda kemlik edýän zatlar heniz köpdi, olary ýasamak üçin bolsa tutanýerli we irginsiz zähmet çekmelidi. Men, mysal üçin, bir sebet örünjek boldum welin, tapyp bilen çybyklarym derrew şytdyldap döwülýärdi. Oglanjykkam goňşulykda ýaşaýan bir sebetçiniňkä baryp, onuň işleýşini hezil edip synlanym juda bähbitli boldy. Islendik çaganyň bolşy ýaly, men hem kömek edişmäge örän höwesekdim we synçydym. Sebetleriň örülişine aň edipdim, hatda sebetçä häli-şindi kömegem ederdim. Indi maňa işe başlamak üçin diňe oňat çybyk ýetmezçilik edýärdi. Ekenimden soň

pyntyklap, gol-pudak çykaran pürsleri çapyp alan agajymyň çybyklarynyň Angliýada ösýän geçi söwüdiniň we adaty söwüt agajynyň çybyklary ýaly çeýe, berk bolmagynyň ähtimaldygy kelläme gelende, ony synap görmegiň hyýalyna mündüm. Ertesi gün mülk ýerim diýip atlandyrýan jülgämdäki telärli howlyma bardym. Şol ýerde ýaňky agaçdan suwluja çybyklardan kesişdirdim we olaryň tüýs gözleýän çybyklarymdygyna göz ýetirdim. Ol ýere indiki gidişimde çybykdan ýükümi tutmak üçin ýanym bilen palta äkitdim. Kän gözlemeli bolmadym, sebäbi o taýda şol hili agaçdan bol zat ýokdy. Ýygan çybyjaklarymy guratmak üçin aýmançanyň içinde serişdirip goýdum, guransoň bolsa gowaga daşadym. Ýagyşly möwsüm başlandam welin, işe girişdim we gum çekmäge ýa-da aňry-bäri zatlary salmaga, daşamaga, beýleki dürli zerurlyklara ýarajak birgiden sebet ördüm. Dogrusy, sebetler onçakly göze gelüwli bolmasa-da, garaz, niýetlän maksatlaryma ýarajakdy. Şondan soň men sebetsiz galmazlyga çalyşdym. Köneleri çagşaberende täzelerini örýärdim. Arpa bilen şaly hasylynyň soňabaka has köp boljagyny göz öňünde tutup, däne guýmak üçin halta derek ulanar ýaly has ykjam, çuň sebetleri örüp goýmaga ýykgyn edýärdim.
Örän köp wagt sarp edip, şu kynçylygy hem bir ýan ýüzli edenimden soň, ýene-de iki ýetmezimi aradan aýyrmagyň ugruna çykdym. Rom içgisi guýlan iki çelejigi, içine suw we spirt guýlan ululy-kiçili birnäçe çüýşäni hasap etmeseň, mende suwuk zat saklamak üçin hiç hili gap ýokdy. Bir zat gaýnadyp bişirinmek üçin ýekeje golçadyr gazançam hem ýokdy. Gämiden äkelen mähnet uly gazanym bardy welin, ol nahar-şora çemeli däldi. Häli-şindi küýsedýän ýene bir zat-da şybykdy. Ýöne ahyrsoňunda onuň deregini tutup biljek bir usul tapdym.
Arly tomsy, ýagny gurak möwsümi köne öýümdäki janly haýadyň ikinji hataryny gurnamak hem-de sebet örmek bilen gümra bolup geçirdim. Emma birden täze bir iş ýüze çykdy we çak edenimden-de has köp wagtymy aldy.

## VIII bap

Bütin adany aýlanyp çykmaga örän höwes edýändigim, bulaga çenli hem-de ondan aňyrlygyna syýahat edenim, jülgede özüme telärli howly gurnanym, şol ýerden adanyň beýleki tarapyndaky deňiz manzarynyň gowy görünýäni barada ýokarda eýýäm aýdypdym. Ine, onsoň ýüregimi bire baglap, şol kenara baryp görmek üçin tutuş adany kesip geçmäge hyýallandym. Ýanyma iki sany külçe bilen ullakan bir hoşa kişmiş, tüpeň, palta, gereginden köpräk däri we seçme aldym-da, itimi yzyma tirkäp ýola düşdüm. Telärimiň ýerleşýän jülgesinden geçenimde günbatarda ýaýylyp ýatan deňiz, ondan aňyrrakda bolsa zolak ýer göründi. Oňat güneşli gün bolansoň, gury ýer bölegini äşgär saýgardym, ýöne onuň ada ýa-da yklymdygyny kesgitläp bilmedim. Ol ýer belent adyrlyk bolup, günbatardan günorta-günbatara tarap uzaýardy we meniň adamdan örän uzakdady. Çaklaýşyma görä, on bäş ýa-da ýigrimi liga bardy.
Men şol ýeriň niredigini aňlap bilmedim. Ýöne onuň Amerika yklymynyň ispanlara degişli ýerlerine golaý ýerleşýän bir bölegi bolmagynyň ähtimaldygy barada netijä geldim. Ol ýerde ýabany wagşylaryň ýaşaýan bolmagy gaty ähtimaldy. «Bu ada däl-

de, şol ýere düşen bolsam, munça-da bolmazdy» diýip içimi gepletdim. Bu pikir kelläme gelen badyna, kysmatym çekip bu ada düşenime biderek gynanmagymy bes etdim we takdyryň emrine kaýyl boldum, sebäbi Biribaryň hemişe ähli zady iň haýyrly çözýänine ynanyp, muňa uýup başlapdym.

Onsoňam oňatja oýlanyp, «eger şu täze açan ýerim ispanlara degişli bolsa, onda irde-giçde şol ýere barýan ýa-da şol ýerden gelýän gämä hökman gözüm düşäýmeli» diýen pikire geldim. Eger şol ýer ispanlaryňky bolmasa, onda ol gury ýeriň ispanlaryň basyp alan ülkesi bilen Braziliýanyň aralygynda ýerleşýän kenarýaka zolagy boldugydy. Ol ýerde bolsa iňňän rehimsiz ýabanylar ýaşaýardy, olar eline düşen adamlaryň ählisini öldürip, etini çişe düzmegi hiç zatça görmeýän wagşy adamhor berzeňňilerdi.

Şu hili oýlary aňymda aýlap, howlukman ilerleýärdim. Adanyň bu tarapy häzirki ýaşaýan ýerimden has owadan eken. Çar ýanyň hoşboý ysly gül-gunçalara beslenip oturan giň otluk meýdandy, seleňläp gök öwüsýän ajaýyp tokaýlykdy. Bu ýerde totuguşlar köpdi we olaryň birini ele salaga-da, eldeki edip, özüm bilen gepleşmegi öwretmekçi boldum. Köp iş edinip, ahyrsoňy degeneklije taýak zyňyp, bir jüýje totuguşy kakyp düşürdim. Ony huşuna getirip öýüme alyp gaýtdym. Emma totuguşa dil bitýänçä telim ýyl gerek boldy. Bolsa-da, ahyrsoňy oňa öz adymy tutup ýüzlenmegi öwretdim. Onuň bilen bagly bir täsin waka-da boldy, wagty gelende şol waka birsalym göwnüňizi açar.

Bu gezelenç meniň şähdimi açyp, keýpimi göterdi. Çaklaýşym ýaly, peslikde towşanlara duş geldim, tilkilerem köp eken, ýöne olar şu wagta çenli gören tilkilerime asla meňzemeýärdi. Birnäçesini tüpeňläp awladym, emma etini halamadym. Onsoňam, zerurlyk-da ýokdy, azyk-owkatdan mätäçlik çekmeýärdim. Iýip-içmek meselesi kemsiz çözülipdi. Esasan-da, üç görnüş nahary — geçi, kepderi we pyşdyl etini, bularyň üstüne-de, kişmişi goşsaň, bir adamlyk şeýlebir aňrybaş supra taýýar bolýardy welin, ähtimal, ol Lidenhol bazaryndan hem tapylaýýan däldir. Şeýlelikde, ýagdaýym gözgyny bolsa-da, şükür etmäge mümkinçilik bardy. Aç gezmek bärde dursun, geregimi edinýärdim, hatda tagam dandaýan wagtym-da bardy. Şol syýahatymda bir günde biregne iki milden köp ýol geçmändim; ýöne «täze zatlaryň üstüni açyp bolmazmyka» diýip umyt edip, töwerege gaty köp aýlanýardym we gije düşlemek üçin saýlan ýerime halys sütünim süýnüp, zordan özümi atýardym. Adatça, bir agajyň üstünde jaýlaşyp uka gidýärdim ýa-da ýyrtyjy haýwan geläýse oýanarym ýaly, bir agaçdan beýleki bir agaja çenli, seteran edip, iki hatar gazyk kakyp çykýardym-da, gijäni şol ýerde ýatyp geçýärdim.

Iň soňunda deňziň ýakasyna baryp ýeten mahalym, adanyň iň bir ýaramaz böleginde ýurt tutunanyma doly göz ýetirdim. Sebäbi bu kenarýakada agaýana ýüzüşip ýören pyşdyllaryň hetdi-hasaby ýokdy. Men pahyr bolsa, adanyň beýleki tarapynda tutuş ýyl ýarymda bary-ýogy üç sanyjak pyşdyl awlapdym. Mundan başga-da, bu ýer dürli-dürli guşlardan ýaňa hyň berýärdi, hatda pingwinlerde bardy. Guşlaryň arasynda görmediklerim hem, adyny bilmeýänlerim-de bardy. Köpüsiniň eti bijaý tagamly eken.

Bu guşlary näçe diýseň awlabermelidi, ýöne men däridir seçmäni örän aýawly saklaýardym, eti has tagamly geçileri awlanyň müň paý gowudy. Bu ýerde adanyň beýleki künjegine garanyňda geçi has köpdi, emma töwerek endigan tekizlik bolansoň, olara golaýlaşmak has kyndy. Baýyrdan süýşenekläp baran ýaly däldi, geçiler meni bada görýärdi-de, ökjäni göterýärdi.

Adanyň bu kenarynyň meniň ýaşaýan kenarymdan has göze ýakymlydygy jedelsizdi, ýöne, barybir, bu ýere göçüp gelmäge hiç hili niýetim ýokdy, çünki ýurt tutan ýerimde bir ýarym ýyldan hem köp ýaşapdym, oňa öwrenişipdim. Bu ýerde özümi gürbetde — kese ýurtda ýaly duýýardym, öýümi küýseýärdim. Deňziň ýakasyny syryp, gündogara on iki mil çemesi gitdim, şol ýerde «bellik bolsun» diýip, kenara uly bir sütün dikenimden soň, öýe dolanmaga hyýallandym. Indiki syýahatymda öýden gündogarlygyna bakan ýöräp, adanyň beýleki ýakasyny syryp, şu sütüniň ýanyna gelen mahalym, adanyň daşyndan doly aýlanyp çykdygym boljakdy.

Degre-daşymy dykgatly synlap gidibersem, öýümi azaşman tapjagymy çak etdim-de, gaýdyşyn başga bir ýol bilen gaýtdym. Emma ýalňyşan ekenim. Iki-üç mil geçip-geçmänkäm, dumly-duşuny baýyrlar gallap oturan uly bir jülgäniň içine baryp düşdüm. Baýyrlaryň ýüzüni örtüp duran sümme tokaýlykdan ýaňa daş-töwerege äňedip, ugur kesgitlemek mümkin däldi. Günden ugur alyp ýöräp biljekdim, ýöne munuň üçin şol sagatda Günüň haýsy ýagdaýda ýerleşýänini takyk bilmek gerekdi.

Howanyň gamaşyp durmagy hem urna boldy. Men üç-dört günläp dagy Güne ýüzüm düşmän, jülgäniň içinde bir o ýana, bir bu ýana alakjap, teý ýolumy seljerip bilmedim. Ahyr, hiç uç tapman, ýene-de deňziň kenaryna — şol sütün diken ýerime dolanyp barmaly boldum. Şol ýerdenem, öňki gelen ýolumy yzarlap, öýe bakan gaýtdym. Jokrama yssy bolansoň, her ýerde bir düşläp, agyr goş-golamlaryň — tüpeň, ok-däri, palta we şoňa meňzeş zatlaryň astynda ýegşerilip, öz maýdalyma ýöräp gelýärdim.

Ýolda gelýärkäm itim bir owlagyň üstünden baryp, oňa topuldy, hernä men wagtynda ylgap bardym-da, ony itiň agzyndan diri aldym. Bu owlagy ýanym bilen öýe äkidesim geldi, sebäbi şunuň ýaly birki sany owlagy ekdi edip, ok-därim gutaran pillesi huruş ediner ýaly, bir süri geçi edinmek barada öňräkden arzuw edýärdim.

Men bir boýunbag ýasap, oňa hemişe ýanymda göterýän, smola siňdirilen kendir ýüpüme daňyp owlajygy idiberdim. Öýüme baryp owlajygy howlynyň içine aşyrdym, sebäbi indi bir aý gowrakdan bäri görmedik öýüme ýetmäge ýüregim atygsap durdy.

Köneje mesgenime gelip torsallançagymda ýaýnap ýatmagyň lezzetini aýdyp-diýmäge söz tapamok. Syýahatym we ýaban ýatmaly bolmagym meni şeýlebir surnukdyrdy welin, «öýüm» diýip atlandyrýan bu menzilim gözüme yssy görünýärdi. Bu ýerde ähli gerek-ýaraklar bardy, ol şeýlebir rahatdy welin, men tä maňlaýym çüwüp, şu adadan halas bolýançam, dagy-duwara öýümi taşlap, uzak ýolagçylyga çykmazlygy ýüregime düwdüm.

Uzak sergezdançylykdan soň, bir hepderäk dem-dynjymy aldym, iýip-içip, keýpden çykdym. Şol wagtyň uly böleginde hupbatly bir iş bilen meşgullandym, ýagny indi mazaly eldekileşip, meniň bilenem dostlaşyberen totuguşum — «Toty» üçin kapasa ýasadym. Soň aýmançajyga gabap gaýdan görgüli owlajygym ýadyma düşdi-de, ony

öýe alyp gaýtmaga hyýallandym. Barsam, owlajyk goýup gidişim ýaly aýmançada ýatyr ekeni. Ol pahyrjyk daşaryk çykyp bilmänsoň, açlykdan tas ölen eken. Men elime düşen şahadyr çybyklary çapyşdyryp, aýmançanyň içine okladym. Owlajyk garnyny doýransoň, öň edişim ýaly, onuň boýnundan boýunbag geçirip, yzyma tirkemekçi boldum, ýöne açlykdan ýaňa o janawar şeýlebir ýuwaşapdyr welin, it ýaly yzyma düşüp ylgaberdi. Onuň otuny-suwuny mydama özüm bererdim. Owlajyk dura-bara şeýlebir enaýyja, eýjejik boldy we meniň ekdi öý haýwanlarymyň hataryna goşuldy-da, soň hiç haçan ýanymdan aýrylmady.

Ýene güýzki gije-gündiz deňleşmesiniň ýagyşly möwsümi başlandy we men 30-njy sentýabrda ada gelip düşenimiň iki ýyllygyny ýene dabara bilen belläp geçdim. Halas bolmak baradaky umydym ilkinji gündäkiden zyýat däldi. Bütin şol güni, çekýän ýalňyzlygymyň ýany bilen maňa bagyş edilen, gamgyn günümde teselli bolýan köp dürli eşret-nyýazlary üçin şükür eýläp, Biribara mynajat edip geçirdim. Hökmürowan Biribaryň şu ýeke-ýalňyz ýagdaýymda, adamlaryň arasynda erkinlikde ýören wagtym, dünýäniň ähli lezzetlerinden duýup bilmejek bagtyýarlygymy maňa bagyş edeni, Öz Barlygy hem-de kalbyma indirýän ylhamy bilen maňa ýoldaş bolup, adamlara bolan küýsegimi, duçar bolan mahrumçylyklarymy doly dep edýäni, bu dünýäde Beýikligine, o dünýäde bolsa ebedi Barlygyna sygynmagym üçin maňa teselli berip apalaýany, dogumlandyrýany sebäpli, Oňa päk ýüregimden şükür etdim.

Men indi ähli muşakgatlaryna garamazdan, häzirki ýaşaýşymyň ozalky biweç, näletsiňmiş, ýigrenji durmuşymdan müň esse bagtyýardygyna ahyrsoňy göz ýetirip ugrapdym. Indi gynanjym bilen şatlygym düýpgöter üýtgäpdi; isleglerim özgeripdi, hyrujymyň bady gowşapdy, bu ada düşmänkäm, hatda soňky iki ýylyň dowamynda göwnümi göterýän zatlar indi küýsedenokdy.

Öňler aw awlap ýa-da adada gezim edip ýörkäm, sezewar bolan şu ahwalatymdan ýaňa birden-birden içim-bagrym tütäberýärdi. Degre-daşymy gurşap alan tokaýlarda, dag gerişlerinde, belentli-pesli düzlüklerde nazarym eglendigiçe, aňyrsy-bärsi görünmeýän ummanyň mizemez gandaldyr kündeleri bilen elim-aýagym kökerilgi, şu janly-jemendesiz adada halas bolmakdan halys tamamy üzüp, çoçgara çolaşyp galanym barada gama batýardym, ýüregim gyýym-gyýym bolýardy. Keýpim çag bolup, göwnümiň göterilen pursatlarynda hem şol pikir aňymda apy-tupan bolup gopýardy-da, meni müzzerdip, edil çaga ýaly gözýaşa gark bolýardym. Kähalatlarda bolsa, ol meni işe gümra bolup ýörkäm basmarlaýardy, onsoň men özümi lampa ýere goýberýärdim-de, ahmyr çekip, birki sagatlap diýen ýaly ýer dyrmap oturýardym; bu maňa has agyr degýärdi, sebäbi möňňürip aglasam, dady-perýat etsem, ýüregim giňeýärdi, halys usurganymdan soň, gaýgy-gussam kem-kemden aýrylyp gidýärdi.

Indi bolsa, men täze pikirler bilen meşgullanyp başlapdym: Biribaryň kelamyny her gün okaýardym, onda beýan edilýän ähli tesellileri öz ýagdaýyma kybap getirýärdim. Bir gün ir säher bilen juda tukatlanyp otyrkam, Injili açdym welin: «Men seni hiç haçan, hiç haçan taşlamaryn, senden ýüzem öwürmerin» diýen jümlä gözüm düşdi. Bu sözleriň özüm baradadygy şol bada kelläme geldi; ýogsam Biribaryň we adamlaryň ýalňyz galdyran biçäre bendesi hökmünde, günümden nalap otyrkam, hökman şu sözler maňa duş geläýmezdi ahyryn?! «Bäh, Beýik Taňry menden ýüz

öwürmedik bolsa, onda tutuş dünýä menden ýüz öwräýeninde-de näme parhy bar ýa-da bütin dünýä meňki bolup, oňa derek keremli Allanyň ýalkawyndan we rehmetinden mahrum bolsam, onda meniň ýitgimiň çeni-çaky beri bolarmyka?» diýip, öz ýanymdan pikir ýüwürdim.

Şol pursatdan başlap, dünýäde islendik halda ömür süren ýagdaýymda ýetip biljek aňrybaş wagtyhoşlugymdan has çuňňur bagtyýarlygyň ýalňyz galan şu günümde maňa ýar bolmagynyň mümkindigi barada ymykly netijä gelip ugradym. Hut şol pikirden ugur alybam, meni şu ada getirip düşüreni üçin Hökmürowan Allatagala şükür etmäge çemelendim. Ýöne şol wagt bir hili oslagsyz zat pikirime böwet boldy welin, edil dilimi ýuwudan ýaly bolaýdym. «Elhepus, seň beýle ikiýüzli bolaýşyňy-ow. Elliki kaýylsyran bolsaň-da, şu ýerden ökjäňi göterjek bolup, ýürejigiň-ä towsup dur. Ýeri, onsoň alkyş okan bolmaň näme diýsene?» diýip, men birdenkä daşymdan aýdyp goýberdim. Şondan soň böwrüme diň saldym; onsoň şu ada gelip düşenim üçin alkyş okadym diýsem ýalançy bolaryn, ýöne her näçe kyn güne düşende bolsam, gözümi açany, ýaşaýşymyň öňki ýagdaýyny görmäge hem-de eden etmişlerimi ýatlap, toba etmegime puryja bereni üçin Biribara päk ýüregimden şükür etdim. Ozal Injiliň gatyny açmazdym, açyk duran bolsa ýapyp goýbererdim. Emma ýörite haýyş etmedigem bolsam, Angliýadaky dostumyň Injili meniň harytlarymyň arasyna salyp goýmagyny onuň ýüregine guýany hem-de ol kitaby gark bolan gämiden halas etmegime medet bereni üçin Biribara müňde bir tagzym etdim.

Şeýlelikde, adadaky üçünji ýylyma şeýle oý-pikirler bilen gadam urdum. Ownuk-uşak zatlaryň jikme-jik gürrüňini berip, okyjyny ýadatmaýyn diýdim, şonuň üçin adada geçiren ikinji ýylym edil birinji ýyl ýaly ilik düwme beýan edilen däldir. Emma şonda-da kän bir gol gowşuryp oturmadym. Wagtymy gündelik ýerine ýetirmeli işlerime laýyklykda tertipli bölüşdirdim. Ozaly bilen, günüň dowamynda hökman üç gezek ürç edip Biribaryň öňündäki ybadat borçlarymy ýerine ýetirýärdim, Keramatly kitaby okaýardym. Ikinji gündelik işim bolsa, elime tüpeňimi alyp awa çykmakdy, muňa-da ýagyş ýagmadyk günleri her gün irden üç sagat töweregi wagtymy sarp edýärdim. Üçünji işim bolsa tutan awlarymyň etini üleşdirip, kakadyp, derisini guradyp, taýýarlamak hem-de nahar-şor bişirinmekdi; şol işler günüň esli bölegini alýardy. Günortanlar Gün süýrdepä galyberen pillesi jokrama yssydan ýaňa gymyldar ýaly bolmaýardy. Şonuň üçinem men gijöýländen başlap, aňry gitse dört sagat töweregi işläp bilýärdim. Käte hojalyk işleri bilen awa çykmagyň wagtyny çalşyryp, irden işleýärdim, ikindinara bolsa awa çykýardym.

Işlemäge maý tapýan wagtymyň az bolmagynyň üstesine-de, her bir iş juda hysyrdyly zähmet çekmegi talap edýärdi. Gural ýetmezçiligi, kömekçiniň ýoklugy, türgen däldigim diýermiň — bularam işi bökdeýärdi. Mysal üçin, ýerzeminim üçin uzyn tekje gurnamaga ýasy tagta taraşlap, gelşigine getirýänçäm kyrk iki günümi sarp etdim; aslynda welin, gerekli abzallar bolanynda iki sany agaç ussasy bir salkynda ýekeje pürsden alty sany ýasy tagtany emgenmän ýasap bilerdi.

Men bu işi başgaçarak amal ederdim: ullakan bir agajy saýlap aldym, sebäbi tekjelik tagta uzyndan ýasy bolmalydy. Ol agajy üç günde çapyp ýykdym, iki günüň içinde şahalaryny aýryşdyryp, ony togalak pürse öwürdim. Görgi ýamanyny görüp, şol pürsi

biraz ýeňilräk bolar ýaly palta bilen ýondum. Garaz, indi ony aňryk-bärik gozgap bolýardy. Şondan soň pürsüň birýan gapdalyny başdan-aýaga ýasydan tekizjek edip ýondum. Onsoň pürsi beýlesine öwürdim-de, onuň beýleki gapdalyny hem edil ýaňky ýaly edip, timarlap çykdym. Şeýdip, ony eýlesine-beýlesine agdaryp, ýona-ýona, galyňlygy üç dýuým çemesi tekizjek tagta ýasadym. Okyjy şol tagta üçin nähili zähmet çekenime baha berip biler; emma gara zähmet we sabyr-takat maňa şol işde bolşy ýaly, beýleki işlerde-de baş alyp çykmagy öwretdi. Bu zatlary jikme-jik bellemegimiň sebäbi men şeýle ýönekeýje iş üçin näme sebäpli munça köp wagtymy sarp edenimi, ýagny kömekçi we abzallar barka ap-aňsat dynyp boljak işiň bir özüň, el zähmeti bilen guralsyz diýen ýaly ýerine ýetirjek bolsaň, bihasap köp zähmet bilen ummasyz wagtyň gerek bolýanyny okyja düşündirmek isledim. Herniçik-de bolsa, men sabyr-kanagat edip we zähmetimi gaýgyrman, zerurlyk döreden ähli işlerimiň hötdesinden gelip bilýärdim, munuň şeýledigi soňraky wakalarda aýan bolar.
Indi noýabr we dekabr aýlarynda arpa we şaly hasylyna garaşýardym. Tohum sepen atyzym kiçeňräkdi, sebäbi eýýäm aýdyp geçişim ýaly, guraklyk zerarly birinji ýyl ekinleriň gurany üçin, bu sapar arpa bilen şalynyň hersinden ýarym pek[4] töweregi däne galypdy. Bu gezek hasylym diýseň bitginli boljaga meňzeýärdi; ýöne birdenkä bujagaz hasylymdanam el ýuwaýmagymyň ahmaldygyna göz ýetirdim, sebäp diýseň, kowup dynyp bolmaýan her tüýsli ýalhorlar peýda boldy oturyberdi. Ilki geçiler bilen ýabany towşana çalymdaş ownuk gemrijiler ekini darap başlady. Şalynyň we arpanyň gökje maýsasynyň tagamyna düşünen zaluwatlar gijesi-gündizi bilen şo taýdady, gök maýsalary ýere degrip iýýärdiler, asyl ekinlere baldaklamaga maý bermeýärdiler.
Tutuş atyzyň daşyna aýmança aýlap çykmakdan başga alajymyň galmanyna düşündim. Gyssagym öz ýanymdan bolansoň, hars urup işledim. Emma atyz çaklaňja bolansoň, aýmançany üç hepdede doly aýlap gutardym. Gündizine «ekin ogrularyny» tüpeň atyp ürküzýärdim, gijesine bolsa, aýmançanyň bir ýerine itimi daňyp goýýardym. Ol uzakly gije üýrüp çykýardy. Şeýde-şeýde, geçidir towşanlar gelmesini bes etdi; ekinlerem aljak boýuny alyp, bahym tümmül bolup, dessine bişip ugrady.
Ozal ekinler gök maýsa wagty, dört aýakly jandarlar musallat bolsa, indi tümmül çykansoň, guş-gumursylar başymdan towky bolup indi. Bir gezek atyzy görmäge barsam, sürisüri guş gaýmalaşyp ýören eken. Men hemişe ýanymdan aýyrman göterip ýören tüpeňimi hasyr-husur egnimdem sypyrdym-da, olara bakan towhuldadyp atyp goýberdim. Tüpeňiň gümpüldänine mähetdel, ekiniň içinden ýene bir süri guş asmana göterildi.
Bu ahwalata nebsim-janym agyrdy. Guşlaryň sanlyja günüň dowamynda barja umydymy çokalap gutarjagyny duýdum; onsoň, hiç haçan hasyl ýetişdirip bilmän, açlyk çekmeli boljakdym. Men näme edip, näme goýjagymy bilmedim. Ahyrsoňy hasylymy gorap saklamagy ýüregime düwdüm, gerek bolsa, gije-gündiz atyzda garawulçylyk çekmäge-de taýýardym. Ilki bilen aýlanyp, guşlaryň näçeräk zeper ýetirenini barladym. Guşlar ekinleri mazaly çokalanam bolsa, tümmülleriň aglabasy

[4] Pek — göwrüm ölçeg birligi, takmynan, 10 litr ýa-da 1 bedre.

entek iýerden gögräkdi we galanja arpadyr şalyny goraglap bilsem, henizem oňat hasyl alyp boljakdy.

Atyzyň başynda durşuma, tüpeňimi täzeden okladym. Guşlaryň töwerekdäki agaçlarda gizlenip oturanyny görsemde, ol ýerden giden boldum. Dogrudan-da, atyzdan garamy saýlanym hem şoldy welin, hälki kezzapjyklar ikiden-ýekeden ekine çozup başlady. Muny görüp, şeýlebir gazaba mündüm welin, olaryň has köprägi gonýança garaşmaga-da çydam edip bilmedim. Her bir dänäniň uzagyndan maňa eslije çörek boljagyna gaty gowy düşünýärdim. Şoňa görä, aýmançanyň ýanyna ylgap baragetdin, ýüzümiň ugruna mäşäni gysdym: üç sany guş duran ýerinde tükgerdi. Maňa tüýs geregi hem şoldy; Angliýada ýakasyny tanadan ady belli ogrulary dar agajyndan hallanladyp asyp goýuşlary ýaly, menem beýlekilere göz etmek üçin, şol üçüsini atyzyň her ýerräginde aýagyndan sallaşdyryp asyp goýdum. Bu temminiň nähili uly täsir döredenini bir bilsediňiz! Şondan soň guşlar atyza gonandan geçen, asyl ýöne, adanyň şol etrabyndan sumat bolup ötägitdi. Hälki üç garantga hallan atyp durdugyça, guş-gumry görmedim. Begenip, iki bolup bilmedim. Dekabryň aýagynda, ýylyň ikinji galla hasyly wagtynda, mazaly bişen arpadyr şalyny ýygnadym.

Ýöne orak möwsümi üçin meniň ne-hä çalgym bardy, ne-de bir oragym. Başga alaç galmansoň, men beýleki ýaraglar bilen bilelikde gämiden alyp galan ýasy gamamy aňňala derek ulanmaly boldum. Hasylym onçakly uly bolmansoň, ony ýatyryp çykmak kän bir kyn düşmedi. Onsoňam hasyly özümçe ýygdym, ýagny diňe sümmülleri kesişdirdim-de, ullakan sebede salyp, alyp gaýtdym, soň olary birin-birin elimiň aýasynda owup, harpygyny aýryp, çäjini aldym. Şonda ekiş wagtynda topraga sepen ýarym pek şalymdan iki buşel töweregi (sekiz pek), şonçarak arpadan bolsa iki ýarym buşel çemesi hasyl aldym. Bu aýdýanlarym meniň çak edişimdi, sebäbi şol wagt hiç hili ölçeg enjamym ýokdy.

Bu üstünlik göwnüme ganat baglady. Nesip bolsa, wagtyň geçmegi bilen, galla gorumyň boljagyna bil baglap biljekdim. Ýöne bir kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz boldum duruberdim. Dänäni üwäp, un edinmekde iş bardy. Dänäni üwäýenimde-de, uny elemelidi, hamyr edip, hamyrdan çörek bişirinmelidi. Has köp ätiýaçlyk däne ýygnamak hem-de yzygiderli azyk üpjünçiligimi gazanmak baradaky islegimiň üstüne şu kynçylyk hem goşulansoň, ýygnan hasylymy el degirmän indiki möwsüm üçin tohumlyk goýmagy ýüregime düwdüm. Şol arada bolsa, elimden gelenini gaýgyrman, ähli wagtymy sarp edip, öňümde duran şol wajyp meseläni çözmegi, ýagny çörek bişirmegi göwnejaý öwrenmegi niýet edindim.

Indi iýjek nanymy öz maňlaý derim bilen gazanýan diýip, arkaýyn aýdyp biljekdim. Meniň pikirimçe, ýeke bölek çöregi saçaga goýýançaň, geň-enaýy maýda hysyrdylaryň ençemesini ýerine ýetirmeli bolýany barada pikirlenýän adam az-azdyr. Ilkidurmuş ýaşaýyş şertleri bu gündelik hakykaty maňa has ir öwretdi. Hatda ozal gürrüň berşim ýaly, oslaman durkam, örän täsin ýagdaýda öýümiň gapdalyndan ösüp çykan galladan bir goşawuç däne hasylyny alalym bäri, şol maýdaja hysyrdylaryň zerurlygyny sagatsaýyn has güýçli duýýardym.

Birinjiden, ýer sürmäge azalym ýokdy, agdaryp çykaýyn diýsem, pilim ýa kepçäm ýokdy. Öň aýdyp berşim ýaly, men agaçdan pil ýasap, bu kynçylygyň hötdesinden

geldim. Ýöne agaç agaç bolýar-da, ýasajak bolup, telim günläp iş edinenime garamazdan, demirsiz bolansoň, ol bahym sandan çykdy. Agaç pil hem-ä işimi kynlaşdyrýardy, hem-de eden işim göwnejaý bolmaýardy. Herniçik-de bolsa, men agaç pile kaýyl boldum. Tagapyl edip, işimiň hilini ýokuş görmän şonuň bilen oňňut ediberdim. Tohumlyk dänäni sepenimden soň, topraga basar ýaly mala ýokdy. Onsoň oňa derek gaňrak pisint ullakan agyr şahany atyzda eýläk-beýläk süýräp, bolşuna görä, dyrmaşdyryp çykdym. Ekin gök maýsalap ýetişýänçä, etmeli işleriň soňy ýokdy: atyzyň daşyna aýmança aýlamak, garawullamak, soň sümmülleri orup, öýüň ýanyna daşamak, harmany birin-birin owup, çäjini almak diýermiň, garaz, sanasaň sogaby bar. Soň däne üwemek üçin degirmen, un elemek üçin elek, hamyr etmek üçin hamyrmaýa bilen duz, çörek bişirmek üçinem howurpeç gerekdi. Emma, görşüňiz ýaly, men şolarsyz hem günümi gördüm. Eslije galla ätiýaçlygymyň bardygy bolsa, meniň üçin bahasyna ýetip bolmajak rehnet we goltgy boldy. Aýdyşym ýaly, bularyň barysy menden ummasyz surnukdyryjy zähmeti, maňlaý derini talap edýärdi, emma başga çykalgam ýokdy. Wagtymy gaty tygşytly ulanýardym we bu işler bilen, umuman, her gün birnäçe sagat meşgullanýardym. Dänäni has köp ýygnaýançam, galla degmezligi ýüregime düwenim sebäpli, indi tä çörek bişirip, saçaga goýýançam, ýerine ýetirmeli boljak işlerim üçin derwaýys gurallary oýlap tapmak we ýasamak üçin nobatdaky ekiş möwsümine deňiç ýene-de alty aý bardy.

## IX bap

Emma öňi bilen has uly atyz taýýarlamagym gerek boldy, çünki indi bir akr (ýarym gektara golaý) ýere sepmäge ýetjek dänäm bardy. Bu işe girişmänkäm bir hepdä golaý wagtymy sarp edip, pil ýasandym. Täze pilden asla göwnüm suw içmedi. Ol örän agyr bolansoň, iki esse köp güýç sarp etmeli bolýardym. Hernäme-de bolsa, şonuň bilen ekin meýdanymy agdardym we iki ullakan pele bölüp, dänämi sepip çykdym. Ýeri mümkin boldugyça öýüň ýakynragyndan saýlap alypdym, daşyna bolsa kök urup ösýän şol öňki agajyň syrdam şahalaryny ýere kakyşdyryp, haýat aýladym. Sebäbi bir ýyl geçensoň şol şahalar golja-gazlaryny ýaýradyp, janly haýada öwrüljekdi. Ony timarlap, ideg etmegiň hem geregi ýokdy. Atyza ekin ekip, daşyna haýat aýlap gutarýançam, üç aýa golaý wagtymy sarp edipdim, sebäbi şol döwürde köplenç ýagyş ýagýardy, men öýden çykyp bilmeýärdim. Ýagyş ýagyp, gowakda oturmaly bolan günlerim beýleki pişelerime gümra boldum. Maý tapyp, öz totuguşum bilen gümür-ýamyr edip göwün açýardym. Tiz wagtdan ol adyny tutsaň bäri bakýardy; öz adyny aýtmagy öwretmäge girişdim. Bir gün ol ala-gykylyk bolup «To-oty» diýip gygyr-dy: Bu söz şu ada gelip düşen günümden bäri başga birinden eşiden ilkinji sözüm boldy. Ýöne öňem aýdyşym ýaly, totuguş bilen söhbet gurmak meniň üçin iş däldi, hälki bir iş arasynda göwün açmakdy. Şol wagt men örän möhüm iş bilen meşguldym. Meselem, öňräkden bäri her edip-hesip edip, toýun gap-çanak ýasajak bolup jan edýärdim, olar maňa örän zerurdy; ýöne bu senetden hiç başym çykmaýardy. Oňat şykgy tapsam, küýzä-golça meňzeş bir zat ýasap biljegime gözüm

ýetikdi. Bu ýeriň howasy yssy bolansoň, olary Günüň howrunda guratsaň, kürede bişirmek hökman däldi; elde götermäge hem-de gury saklanylmaly azyk-owkatlary salmaga çemeli boljagy mesaňa-mälimdi. Şol gaplar hem gerekdi. Men däne, un we beýleki önümleri guýup goýmak üçin şeýle gaplardan birnäçesini ýasamagy ýüregime düwdüm.
Toýun palçygyny emelsiz garyşymy, ýasan bolgusyz, tagaşyksyz, betgelşik gaplarymy gürrüň bersem, okyjynyň maňa haýpy geler, megerem, gülküsi tutar. Toýnuň eýini ýetirmänim sebäpli, ýasan zatlarymyň köpüsi içine çökýärdi ýa-da bir gapdala gyşarýardy. Sudura getiren käbir küýzelerim bolsa, howlugyp Güne goýanym üçin çat açyp pytraýardy. Ençemesi bolsa ýerinden gozgan badyma edil gumbaýrakdan gurlan ýaly, kül-owram bolýardy. Gepiň keltesi, sersepil bolup, şykgyly toýnuň üstünden bardym, öýe alyp gaýtdym. Ýaňadan işe girişdim-de, iki aý diýlende iki sany ullakan tagaşyksyz gap ýasadym, olara küýze-hä diýip boljak däldi. Güneş göwnejaý guradyp gatadansoň, ol küýzeleri usullyk bilen ýerinden göterip, ýörite ören iki sany giňiş sebedime ýerleşdirdim. Küýze bilen sebediň örüminiň arasyna şaly we arpa samanyny dykyşdyrdym. Küýzeleri çyg çekjek gümany bolmansoň, gury däneleri, belkem, dänäni üwäp bilsem, ykyrdap duran uny guýup goýmaga niýetledim.
Uly toýun gaplary ýasamak hyýalym şowlamasa-da, maýda gap-çanaklaryň ençemesini: tegelek okaralary, ýalpak tabaklary, gazançalary we başga uşak golçadyr tabaklary ýasaşdyrdym. Olar Günüň howruna mazaly gurap, örän berk boldy.
Ýöne esasy maksadym hasyl bolmandy. Maňa suwuk zat saklar ýaly oda çydamly toýun gap gerekdi. Ýöne günlerde bir gün et gowurmak üçin ullakan ot ýakdym. Et mazaly daglanyp bişensoň, ody söndürmäge çemeleşdim. Görsem, gyzyl-köz bolup duran goruň arasynda kiçeňräk bir küýze döwügi ýatan ekeni. Ol edil daş ýaly saň gaty bolup, üçek basyrylýan kerpiç ýaly gyzyl öwüsýärdi. Bu ahwala begendim, haýran galyp: «Eger küýze döwügi otda şeýle bekän bolsa, onda küýzäniň özüni-de otda bişirmek mümkin bolmaly» diýip içimi gepletdim.
Onsoň gap-çanaklarymy bişirmek üçin nähili edip ot ýaksamkam diýip kelle döwmäge başladym. Küýzegärleriň küýze, daş gap ýaly zatlary bişirýän, gurşun syrçalaýan kölereleri barada meniň hiç hili düşünjäm ýokdy. Ýogsam az-kem gurşun özümde-de bardy. Üç sany uly küýzäni gyzgyn goruň üstünde ýerleşdirdim-de, her biriniň üstüne üç sany golça goýdum. Töweregini odun-çöp bilen gallap otladym. Alawlap galan oduň üstüne wagtal-wagtal täze odun oklap, ölçermäge başladym. Pitidir golçalaryň içinden mazaly ot geçdi, özi-de olarda kemteresinden ýekeje jaýryk hem görünmeýärdi. Olaryň çym gyzyl öwsüşini synlap oturyşyma, men ýene-de bäş-alty sagatlap odun oklap, ody ölçerip garaşdym. Birden golçalaryň biri, çat açmasa-da, gyzgyna çydap bilmän ýemşermäge başlady, sebäbi toýna garylan çäge onça howra döz getirip bilmän eremäge ýüz uran ekeni, şunça degmedik bolsam onuň aýna öwrüljegi gürrüňsizdi. Onsoň ody kem-kemden peseltdim welin, küýzedir golçalaryň gyzyl reňki solgunlaşyp başlady. Oduň çalt peselmegine ýol bermezlik üçin, tä daň atýança ody ölçerip, uklaman oturdym. Gün dogup, jahan ýagtylan wagty meniň eýýäm üç sany owadanja toýun küýzäm bilen iki sany merdem golçajygym bardy.

Olar tüýs aňrybaş bişipdi. Çägesi erejek bolan golçajygyň ajaýyp syrçasy bolsa, Günüň şuglasyna bäs edýärdi.
Şol tejribeden soň, meniň indi toýun gap-çanaga mätäç bolmanym barada aýdyp oturasy iş ýok. Ýöne olaryň daşky görnüşi meniňki bolsun diýer ýaly däldi. Asla bu geň hem däldi, sebäbi toýun gaplary ýasaýşym çagalaryň palçykdan gummajäjek ýasaýşyndan ýa-da hamyr ýugrup bilmeýän zenanyň gutap bişirişinden kän bir tapawutlanmaýardy.
Oda kemsiz çydamly toýun gap-çanak ýasap biljegime gözüm ýetende şeýle ýönekeýje zat sebäpli başdan geçiren şatlygym ýaly duýgyny dünýäde hiç kim başdan geçiren däl bolsa gerek. Küýzeleriň sowanyna zordan tagapyl etdim, sebäbi içine suw guýup, et bişirinmäge hyýallanypdym. Ähli zat gül ýalydy: bir bölek owlak etinden tagamlyja çorba bişirindim. Süle uny we nahara goşulýan beýleki zatlar hem bolan bolsa, çorba has-da gözüme degäýjek eken.
Indiki aladam içinde däne döwmek, has dogrusy, owratmak üçin daş soky ýasamakdy; degirmen barada aýdylanda bolsa, bir jübüt el bilen şeýle aňrybaş sungaty döretmek barada pikir hem edip boljak däldi. Bu meseläni çözmek maňa hyllalla boldy; çünki daş ýonujylykda duranja ýerimdi, üstesine, gurallarym hem ýokdy. Içini köwüp, soky ýasamaga ýarajak berk daş agtaryp köp iş edindim, ýöne hiç zat tapyp bilmedim. Aslynda, adada uly gaýalar bardy, emma olaryň bir bölegini döwüp alyp boljak däldi. Onsoňam gaýalar ýeterlik derejede berk däldi, çägesöw daşlardandy; olaryň agyr sokudaşyň urgusyna döz getirip bilmän, dänäni çägä garjagy görnüp durdy. Şeýlelikde, amatly daş gözläp köp wagtymy bihuda geçirenimden soň, daş soky meselesini goýbolsun edip, juda berk agaç böleginiň gözlegine çykmagy karar etdim we ony kän agtarmaly bolmadym. Ýerinden gozgamaga zordan güýjüm ýetäýjek bir töňňäni saýladym-da, palta bilen ýonuşdyryp, oňa togalak şekil berdim. Soňra bolsa, braziliýaly indeýleriň bütewi agaçdan gaýyk ýasaýyşlary ýaly, şol töňňäniň ortasynda ot ýakagadan, biçak köp zähmet siňdirip, içini köwdüm-de, agaç soky ýasandym. Bu işi birýan ýüzli edip, demiragaç diýilýänden ullakan, agyr sokudaş ýasadym. Şeýdip soky bilen sokudaşy indiki hasyla çenli ýygnap goýdum. Indiki hasylyň dänesini un edip, has dogrusy, döwüp, çörek bişirinmegi ýüregime berk düwüpdim.
Indiki mümkinçiligim uny eläp, kepek bilen harpygyny aýyrmak üçin adaty ýa-da irigöz elek ýasamak boldy. Ýogsam çörek bişirmek mümkin däldi. Bu iş şeýlebir kyndy welin, oňa nädip çemeleşjegimi-de bilmeýärdim. Sebäbi işe başlamak üçin hiç zadym: hatda un elär ýaly ýuka ýa-da çalyrak matamda ýokdy. Şeýlelikde, uç tapyp bilmän, birnäçe aýlap bu meselede öňegidişlik bolmady; näme etsemkäm diýip, baý, kelle döwendirin-ä. Kendir matadan diňe iki-üç bölek ýyrtyk jinde galypdy; geçiniň çöpüri bardy, ýöne ony egrip ýa-da dokap biljek däldim. Bulardan başym çykany bilenem, ne ik bardy, ne tara. Kelle çişirip ýörşüme, ahyryn bir gün gämiden alnan deňizçileriň goşlarynyň arasynda ýukajyk nah ýa-da ýüpek matadan tikilen boýunbaglaryň bardygy güpbe ýadyma düşdi. Şolardan üç sany çaklaňja bolsa-da işe ýaramly elek ýasandym. Olar ençeme ýyl derdime ýarady; şondan soň näme edip-eýlänim barada bolsa ýeri gelende gürrüň bererin.

Indiki çözülmeli mesele: dänäni döwüp, un edinemden soň, çöregi nädip bişirjegim barada oýlanmalydy. Bar zatdan öňinçä, mende hamyrmaýa asla ýokdy. Bu müşgilimiň bitmejegine düşündim-de, bu hakda alada hem etmedim. Ýöne, ynha, howurpeji gurmak welin, hupbat boljaga çalym edýärdi. Ahyr muňa-da bir çykalga tapdym oturyberdim. Ol, ine, şeýle boldy: birnäçe örän giň, ýöne ýalpak, ullakan, tegelek toýun kersen ýasadym. Olaryň diametri iki fut töweregidi, çuňlugy bolsa dokuz dýuýmdan geçmeýärdi. Bulary hem öňki gap-gaçlar ýaly otda mazalyja bişirip, gowakdaky ammarda ýygnap goýupdym. Onsoň bolşuna göräräk dörtburç şekil berip, şykgyly toýundan bir topar kiçijik kerpiç ýasap bişirdim-de, ullakan ýerojak ördüm. Çörek bişirmeli bolan pilläm, şol ojakda gübürdedip ot ýakdym.

Odunlar ýanyp, çym gyzyl köze öwrülen mahaly, bar közleri ojagyň içine ýaýradyp ýazdym, soň ojagyň howry ýetjek derejesine ýetýänçä garaşdym. Soňra ähli közleri bir ýaňa syryp aýyrdym we ojagyň teýinde hamyrdan edilen çörekleri goýuşdyrdym-da, üstünden şol toýun kerseni düňderdim. Soň kerseniň üstüni gyzgyn közler bilen ykjam gömdüm. Ine, şeýdibem, dünýädäki iň ajaýyp howurpeçde meniň mele-myssyk çöreklerim bişdi. Soň şaly unundan çörek we myssyk köke bişirmegi öwrenip ökde çörekçä öwrüldim oturyberdim. Ýöne gutap bişirmeýärdim, sebäbi guş we geçi etine garar ýaly hiç zat ýokdy.

Adadaky üçünji ýylymyň agramly böleginiň şu hili hysyrdyly işler bilen geçenini geňirgenip oturasy iş ýok. Şol işler bilen bir wagtda täze hasyly ýygnanymy we gündelik hojalyk işlerini ýerine ýetirenimi hem göz öňünde tutmak gerek. Galla hasylyny wagtynda ordum we uly sebetlere salyp, öýe daşadym. Döwek döwmäge ne-hä bir harman ýerim, ne-de bir döwek tokmagym bolansoň, bu harmanyň çäjini hem elim bilen owup almalydym. Ýöne elim degmäni üçin tutuş hasyly sümmülini kesip aldym-da, basyp goýdum.

Däne gorumyň barha köpelýäni mynasybetli, indi has giň däne ammary zerurdy. Soňky harmandan ýigrimi buşel töweregi arpa bilen ýene şonçaragam bürünç alypdym, indi ýygnan gallam üçin ýer azlyk edýärdi. Indi ony arkaýyn azyk üçin ulanyp biljegim begendirýärdi, sebäbi kakadylan külçelerim bireýýäm tükenipdi. Şeýle hem ýylyň dowamynda näçeräk arpadyr bürünjiň gerek boljagyny hasaplap, dänäni ýylda bir gezek ekmeli diýen karara geldim.

Görüp otursam, bir ýylda kyrk buşel bürünçdir arpa maňa aňry ýany bilen ýetjek ekeni, onsoň çörek we köke-gutap üçin ýeterlik bolar diýip çak edip, her ýyl iň soňky gezekkä barabar däne ekmegi ýüregime düwdüm.

Şu işler bilen meşgullanyp ýören döwrümde, zol-zol adanyň beýleki tarapynda görünýän ýerler barada oýlanýardym. Şol ýere baryp ýetmek hakyndaky arzuwlary ýüregimde besläp, ol ýer yklym ýa-da ilatly bir ýurt bolsa, şol ýerden aňyrlygyna gitmegiň, belki-de, ahyr bir gün bu ýerden sypmagyň tärini taparyn diýip tama edýärdim. Ýöne munuň ýaly töwekgelçiligiň howp-hatarlaryny gözden salýardym, Afrikanyň ýolbarsdyr gaplaňlaryndan has wagşydygy köre hasa bolup duran ýabany adamlarynyň eline düşmegimiň mümkindigini, eline düşäýsem, olaryň meni öldürjegi, iýäýmeginiň hem ahmaldygy barada oýlanmaýardym. Muny aýdýanymyň sebäbi Karib deňziniň kenarýakasynda ýaşaýan adamlaryň adamhordygy hakynda

eşidipdim, meniň ýaşap ýören adam bolsa, geografik giňişlige görä çen ursaň, şol kenarýakalardan onçakly uzakda däldi. Hatda şol ýeriň ýaşaýjylary adamhor bolmaýanda-da, barybir, olaryň meni öldürmegi gaty ähtimaldy, çünki ýabany adamlaryň eline düşen ýewropaly, hatda on-ýigrimi adamlyk topardan ybarat hem bolsa, şirin janyndan el üzmeli bolupdy. Men bolsa, ýalňyzdym we hyýalymyň bihudalygyna düşünipdim, ýöne şol wagt men hiç bir howp-hatardan gorkmaýardym. Kellämde şol alys kenara özümi atmakdan başga pikir ýokdy.
Ine, şonda men kiçijik dostum Ksuriniň we Afrikanyň kenarlaryny syryp, müň milden gowrak ýüzüş geçiren ýelkenli barkasymyň ýanymda ýoklugyna ahmyr etdim. Ýöne göwün ýüwürtmeden ne peýda?.. Apy-tupanda heläkçilige uçran mahalymyz tolkunlaryň gämidäki bir gaýygy şu wagtky ýaşaýan ýerimden esli uzakdaky kenarýaka çykaryp taşlany hakydama geldi-de, şony gidip görmegi karar etdim. Gaýyk şol öňki ýerinden ýokarrakda duran ekeni; ol çägelik saý ýerde daşgyn mahaly başaşak düňderilipdi. Töwerek-daşynda suw ýokdy. Bu ullakan gaýygy elden geçirip abatlamaga we suwa eltmäge kömekçim bolsady, onda ony täzeden göwnejaý gurnaga-da, üýtgeşik bir kynçylyga sezewar bolman, Braziliýa baryp ýeterdim. Emma bu pişe bir adamyň işi däldi, gaýygy beýlesine öwürmegiň meniň üçin adany ýerinden gozganyň bilen des-deň boljagy barada oýlanmandyryn. Ýöne herniçik-de bolsa, elimden geleni gaýgyrmazlygy ýüregime düwüp tokaýa gitdim we syrdam agaçlardan çapyşdyryp, birgiden direg taýýarlap, gaýygyň ýanyna alyp gaýtdym. Gaýygy beýlesine agdaryp bilsem, onuň zeperli ýerlerini birlaý elden geçirip, birkemsiz gaýyga öwürjegime juda berk ynanýardym. Onsoň onuň bilen arkaýyn açyk deňze çyksa boljakdy.
Janymy gaýgyrmadym, çak bilen, üç-dört hepdäni şol bihuda işe sarp etdim. Ahyrsoňy bu mähnet gaýygy bir özümiň agdarmaga güýjümiň ýetmejegine göz ýetirenimden soň, onuň aşagyndaky çägäni köwüp aýyrmaga başladym. Gaýyk köwlen ýere bakan kem-kemden agdygyça, diregler bilen ony gerekli ugra gönükdirip, şeýde-şeýde ahyrsoňunda beýlesine öwürmek üçin, zerur ýerlere-de ýogyn taýaklardan kakyşdyryp çykdym.
Şu aýdan işlerimiň ählisini gutardym eden wagtym, gaýyk eger-eger ýerinden gozganarly görünmeýärdi. Ony suwa tarap az-owlak süýşürmekden ellibizar, aşagyna direg dikip-de bilmedim. Halys paltam daşa degensoň, bu işi goýbolsun etmeli boldum. Emma gaýygy bejermekden el ýuwanyma garamazdan, muşakgatlar artdygyça, gözýetimde salgym atyp duran gury ýere baryp ýetmek baradaky höwesim barha güýjeýärdi.
Iň soňunda, men şu ýurtlarda ýaşaýan ýerlileriň hiç hili abzal-gural ulanman, kömekçisiz-zatsyz ullakan agaç sütüninden köwüp ýasaýan gaýygyny ýa-da taýmylyny ýasamak barada kelle döwüp başladym. Muny diňe bir mümkin däl-de, eýsem, ýeňiljek iş hasapladym we bu pikir maňa örän ýakymly göründi. Sebäbi negrlere ýa-da indeýlere seredeniňde, mende munuň üçin has köp gural bardy. Ýöne meni indeýlere garanyňda has yzda galdyrýan käbir kynçylyklary, aýdaly, taýmyl taýýar bolansoň, ony suwa iteklemäge kömekleşer ýaly hiç kimiň ýokdugyny gözden salypdyryn. Hakykatda bolsa, bu kynçylyk indeýleriň gural kösençliginden bäş

beterdi. Dogrudanam, ýasajak gaýygymy, barybir, suwa çenli eltmäge güýjüm ýetmän, ony şol duran ýerinde taşlajak bolsam, onda başagaý bolup, tokaýdan togalak agaç gözläp tapmak, ony garagörgä galyp çapyp ýykmak, abzallarym bilen daşyny ýonup gaýygyň suduryny berip ýylmamak, içini bolsa, ot-ýalyn bilen köýdürip köwlemek ýaly bir topar muşakgatyň maňa näme derkary barka?
Elbetde, bu gaýygy ýasamaga başlanymda öz ýagdaýym ýadyma düşen bolsa, ilki bilen ony nädip deňze goýberjegim barada hökman oýlanaýmalydym. Emma ähli oý-pikirim hyýallanýan syýahatym barada bolup, gaýygy kenara eltmegiň gaýykly deňizde kyrk bäş mil ýüzüp geçmekden has kyn düşjegi köre hasady.
Mahlasy, edil akyl-huşumy ýitiren dek, haýdap gaýyk ýasamaga girişdim. Kelläme gelen hyýala göwnüm göterilip, bu işiň hötdesinden gelmäge güýç-kuwwatymyň ýetip-ýetmejegini çenläp hem hasap etmeýärdim. Aslynda, «gaýygy suwa nädip eltsemkäm» diýip, çendanýarym pikir etmän duramokdym, emma: «Öňürti ýasap bir bolaýyn bakaly; onsoň ony kenara eltmegiň hem alajy tapylar» diýip göwnümi aldaýardym.
Bu barypýatan soňuny saýmazlykdy, ýöne halys içim byjyklap duransoň, ýeňimi çyzgadym-da işe başladym. Hellewläp oturan äpet sedir agajyny ýykdym. Megerem, Iýerusalimdäki ybadathanany guran mahaly Süleýman pygamberde hem şeýle agaç bolmadyk bolsa gerek. Meniň çapan agajymyň ýogynlygy töňňe tarapynda bäş fut on dýuýmdy, uç tarapynda — ýigrimi iki fut, ýokarda bolsa, dört fut on bir dýuýmdy; şondan ýokarda agaç inçelip, şahalara bölünip gidýärdi. Bu äpet agajy ýykmak üçin örän köp zähmet gerek boldy. Diňe bir çapýançam ýigrimi gün sarp etdim, ýene-de on dört güni onuň şahadyr çybyklaryny pudarlamak we gür ýaprakly ýokarky bölegini aýyrmak bilen hysyrdanyp geçirdim. Şondan soň, togalak pürsüň daş ýüzüni ýonup, bellibir şekil bermek we suwuň ýüzünde göni durar ýaly, düýbüni gaýygyňka meňzetmek üçin tegelek bir aý işledim. Soň pürsüň iç ýüzüni oýmaga üç aýym gitdi. Hawa, men ot ulanmadym, diňe tokmak we isgene işletdim. Ahyrsoňunda, erjel zähmet netijesinde birbada ýigrimi alty adamy, diýmek, meni we tutuş goş-golamlarymy göterip biljek örän ajaýyp gaýyk taýýar boldy.
Ýasan gaýygyma söýünip aňyrsyna çykyp bilmeýärdim. Bitewi agaçdan ýasalan şeýle mähnet gaýygy ömrümde görmändim. Ýöne işem beripdi. Indi ony suwa eltäýmek galypdy. Şuny hem başaraýsam, onda öňde-soňda ýürek edilen deňiz ýüzüşleriniň iň bir pähimsiz we täwekgelçiliklisine gitjegim gürrüňsizdi.
Ýöne gaýygy suwa eltmek üçin eden azaplarym biderek boldy. Ol suwdan bary-ýogy ýüz ýard aradaşlykda durdy; ýöne, birinji kynçylyk kenara tarap ýapy ýokarlygyna gitmekden ybaratdy. Bu päsgelçiligi aradan aýyrmak üçin, baýryň aralykda duran bölegini durşuna ýaryp, aşaklygyna gidýän eňňit ýasamagy ýüregime düwdüm. Näçe zähmet siňdirenim ýadyma düşende hopugaýýaryn (gürrüň azat-erkin bolmak hakda gidende, zähmetinden gorkýan barmy?). Päsgelçilik aradan aýrylansoň hem bar zat öňki-öňküligine galdy. Gaýyk eger-eger gozganaýsa nädersiň!
Şonda men deňze çenli aralygy ölçedim we ýap çekmegi karar etdim. Gaýygy deňze eltip bilmejegime gözüm ýetip, suwy gaýygyň ýanyna getirmekçi boldum. Ýaby gazmaga tas başlapdym, ýöne onuň çuňlugyny, giňligini çen edip, şonça işi bir özüm

bitirjek bolsam, ýaby çekip gutarýançam, on-on iki ýyl dagy gerek boljak ekeni. Sebäbi bu ýerde kenar örän beýikdi, şonuň üçinem ýabyň çuňlugyny, bolmady diýeniňde, ýigrimi futa dagy ýetirmelidi. Juda gynansam-da, bu pişämi goýbolsun etmeli boldum.
Şunça azabymyň reýgan bolanyna janym ýanýardy; çeýnejek çöpüňi bilmän, nämä durýanyny ölçerip-dökmän, çem gelen işiň başyny tutmagyň nähili akmaklykdygyna gijem bolsa göz ýetiripdim.
Gaýykly işiň gyzyşan wagtynda adadaky dördünji ýylymy hem tamamladym we her ýyl bolşy ýaly, şol güni kanagat bilen ybadat edip geçirdim. Hakyň Kelamyny yhlas bilen yzygiderli okaýanym sebäpli, Biribaryň goldawy bilen, ähli zada täzeden gözüm açylan ýaly boldy. Ähli pikir-düşünjelerim üýtgäpdi. Indi pany dünýä maňa, birhili, ýat ýalydy. Ondan hiç zat tama etmeýärdim, onluk işim galmandy. Dünýewi höweslerimi hem bir ýana goýupdym. Mahlasy, dünýä bilen algy-bergim galmandy, ondan, ähtimal, hemişelik rişdäm üzülüpdi. Bu dünýä, maňa, belki, ahyretden seredeniňde görnüşi ýaly, ýagny birwagtlar ýaşap, indem göçüp gaýdan mesgenim ýaly bolup görünýärdi. Men bu pany dünýä garap, edil Ybraýym pygamberiň tütjar baý adama aýdyşy dek: «Ikimiziň aramyzda düýpsüz uçut goýlupdyr» diýip biljekdim.
Dogrudan-da, men bu ýerde dünýäniň ähli pisliklerinden daşlaşypdym; mende ne-hä ten islegidir göz hyjuwy bardy, ne-de ýaşaýşyň buýsanjy. Mende yşkyna düşerim ýaly, hiç bir zat galmandy, sebäp diýseň, hözirini görüp biljek ähli zadym bardy. Giden bir adanyň eýesidim ýa-da göwnüm islese, özümi ygtyýarymdaky bütin bu jelegaýyň koroly ýa bolmasa imperatory hasaplap biljekdim. Meniň bäsdeşim-de ýokdy, duşmanym-da. Erk-ygtyýaryma göz dikýänem ýokdy. Islesem, ençeme gämini galladan mas ýükläp biljekdim, ýö-ne onuň maňa derka-ry ýokdy; şonuň üçin dänäni owkatlyk zeruryndan köp ekmeýärdim. Näçe diýseň pyşdylym bardy, ýöne käte birini öldürýärdim. Giden bir gämiler toplumyny gurmaga ýetjek sümme tokaýlarym bardy; şol gämileri çakyr we kişmişden doldurmaga ýeterlik üzümim bardy.
Şu giden zatdan diňe peýdalanyp biljegim gymmatlydy. Garnym dokdy, gaýry hajatlarym bitip durdy — başga zady men näme edeýin? Eger iýjegimden köp aw awlap, eti bolaltsam, ýa-ha itime ýal boljak, ýa-da mör-möjejiklere; iýjegimden köp galla eksem, zeňläp guma garyljak. Gereginden artyk çapan agaçlarym ýerde çüýräp galýar. Men olary diňe ot ýakar ýaly odun hökmünde ulanýardym, ody bolsa, diňe nahar bişirmek üçin ýakýardym.
Gepiň küle ýeri, tebigat we tejribelerim maňa dünýädäki ähli ýagşy närseleriň gereginden artyk böleginiň bize hiç hili nepiniň degmeýänine düşünmegi öwredipdi; şol ajaýyp nygmatlardan depseň yranmaz baýlyk ýygnasak-da, barybir, ondan diňe özümize gerejigini ulanyp bilýäris, galany özge kişilere galýar. Eger meniň ýagdaýyma düşse, dünýädäki iň açgöz, iň harsydünýä adam hem özüniň doýmaz-dolmaz nebsinden saplanardy; çünki bu ýerdäki bolelinlik peýdalanyp biljegimden juda kändi. Elbetde, käbir örän zerur zatlaryň ýetmezçilik edenini hem belläp geçeýin, ýöne olaryň barysy hälki bir maýda-çüýde zatlardy. Eýýäm gürrüň berşim

ýaly, mende jemi otuz alty funt sterling töweregi altyn we kümüş teňňe bardy. Haýp, olar hiç bir zada ýaraman gözgyny halda çaşyp ýatyrdy. Bu puly men nämä sowaýyn? Däne üwär ýaly el degirmeni ýa-da on-on iki daňy temmäki üçin uly höwes bilen şol altyn-kümüşden bir goşawuç bermäge taýýardym. Ýok, ýok! Aslynda, men şol altyn-kümüşli haltany Angliýadan getirilen, alty penslik bir gysym şalgam we käşir tohumy ýa-da sähelçejik nohutdyr noýba, ol-da bolmasa, bir çüýşejik syýa bilen başbitin çalyşmaga-da razydym. Bir gyrada tozan basyp ýatyşy bilen, bu pullaryň maňa düýbünden nepi degmeýärdi. Agramlyja tylla teňňeli halta, şeýdip, ygally möwsümlerde gowagyň çygly künjegindäki ullakan çekerde dura-dura heňläp gitdi. Şol çeker lagly-göwherden ýaňa çogup duranda-da, barybir, meniň üçin gara şaýa geçjek däldi, sebäbi onuň ýagşydan-ýamandan peýdasy ýokdy.
Indi meniň ýaşaýşym biliňi agyrtmak ýa alada-ünji etmek babatda ozalkysyndan has ýeňildi. Nahar başyna geçen wagtym, şu düňle beýewanda sahawatly saçagy ýazyp goýany üçin Ýaradana şükranalyk dogalaryny okaýardym. Öz ýagdaýymyň tukat, garaňky tarapyna däl-de, bagtyýar, röwşen tarapyna has köp üns bermegi, mätäç zatlarymy däl-de, eşretini görýän närselerimi nazarda tutmagy öwrenipdim. Bu maňa kähalatlar sözde beýan edip bolmajak lezzet berýärdi. Men bu sözleri diňe Perwerdigäriň bermedik zatlaryna ymtylyp, oda-köze düşýän we Onuň eýýäm bagyş eden eşretleriniň hem nygmatlarynyň datly hözirini görmegi oňarmaýan narnadyl adamlar üçin aýdýaryn. Göwnüme bolmasa, mätäçlik çekilýän zatlar bilen bagly döreýän nägileliklerimiziň ählisi elimizde eýýäm bar bolan zatlara şükür etmeýänimiz sebäpli ýüze çykýan bolmaly.
Maňa esli kömegi degen, meniň günüme uçramagy ähtimal islendik adama gürrüňsiz, peýdasy degjek ýene bir pikir bardy. Ol hem edil häzirki hal-ýagdaýymy ilki ada gelip düşenimde güman eden ýagdaýym bilen deňeşdirip görmekden ybaratdy. Biribar gäminiň şeýle ajaýyp gudrat bilen gury ýere şunça ýakynlaşmagyny höküm etmedik bolsa, onda bu ada çykmag-a bir görgi boljakdy welin, ada çykanymdan soň, maňa bu ýerde arkaýyn hem asuda ýaşamaga goltgy beren ähli abzal-gurallary, goş-kötelleri we ýene birentek serişdeleri gämiden ömrylla-da daşap bilmezdim ahyryn. Şol zatlar bolmanynda, işlär ýaly abzal-guraldan, özümi gorar ýaly ok-ýaragdan we aw awlar ýaly däridir seçmeden mahrum galardym. Şonda halym niçik bolardyka?
«Gämiden hiç zat alyp bilmedik bolsam, näme edip, näme goýardymkam?» diýip, her bir ahwaly göz öňüme getirmäge synanyşyp ençeme sagady, hatda güni oýlanyp geçirdim. Şeýle bolanynda balykdyr pyşdyldan başga azyk-owkat nesip etjek däldi. Belkem, olary awlamaga ezberleýänçäm, açlykdan ölerdim. Ölmän, diri galsam-da, tüýs ýabany adam bolup ýaşardym. Bardy-geldi, bir geçi ýa-da guş tutaýsam, barybir, onuň derisini ýüzüp, içgoşuny arassalap bilmezdim. Onsoň ony edil ýyrtyjy haýwan ýaly dişim bilen çekeläp, dyrnaklarym bilen ýolmalamaga mejbur bolardym.
Şu hili oý-pikirler meni Biribaryň şu eden sahawatyna bolan duýgularymy joşdurýardy we bütin kynçylyklary, kösençlikleri bilen bilelikde şu günki günüme päk ýürekden şükür etmäge gönükdirýärdi. Elbetde, kynçylyga sezewar bolan pillesi «Heý, menden bagtygara adam barmyka?» diýegen adamlar şu mesele barada oýlansa rast bolardy. Goý, olar käbir adamlaryň has agyr muşakgatlara duçar bolany hem-de

Biribar islese, özleriniň hem şol güne düşmeginiň gaty ähtimaldygy barada pikirlenip görsün.

Ýüregime melhem bolup, umyt berýän ýene bir pikir ediş usulym bardy, ýagny häzirki günüm bilen, hakyna garanyňda, sezewar bolmaly günümi degşirip görýärdim, şonuň üçin-de Biribaryň rehmetinden umydygär bolmaga mende esas bardy. Ozal ömrümi gaflatda geçiripdirin, Alladan gorkmakdan geçen, onuň barlygyndan hem bütinleý gapyl bolupdyryn. Enem-atam maňa ýagşy edep-ekram beripdi; Gudraty Güýçliniň eradasyna haýran galyp, gorky duýmagy, ybadat-tagat etmegi, tebigatymyň zerurlyklaryny hem-de panydan baka göçenimde gerek boljak närseleri gulagyma guýjak bolup yhlas edipdi. Arman, men deňizçilik kärine ir baş goşdum, Taňrynyň ýaradan iň bir eýmenç tebigy hadysalary bilen elmydama ýüzbe-ýüz gezýän-de bolsa, deňizçiler Hudaýdan gorkmak babatda iň bigäne halk bolýar; diýýänim, deňizçilik durmuşyna irki ýaşda ýüz urup, deňizçi ülpetlerim bilen oturyşyp-turşup başlanymdan soň, olar ýaňsylaşyp gülşüp, onsuzam sähelçejik dini ynanjymyň soňuna sogan ekdi; men howp-hatarlary äsgermän, ajala dogry garap, şonça uzak wagtyň dowamynda özüm tetellilerden özge jemende bilen gürrüň edişmäge ýa-da ýagşy sözleri, juda bolmasa, ýagşylyga ýykgyn sözleri eşitmäge hiç hili mümkinçilik tapman ýörşüme, tüýs ýedi derýanyň suwuny içen diýleni bolup gitdim.

Ýagşylyga degişli her bir zatdan, özümiň kimdigimden, kim bolmalydygymdan şeýlebir kör ýaşapdyryn welin, Sale şäherinden gaçyşym, portugal gämibaşynyň meni öz gämisine kabul edişi, Braziliýada gurply hojalyk gurnaýşym, Angliýadaky goş-golamlarymy äkeldişim ýaly iň bagtyýar pursatlarymda hem, ne dilimde, ne-de göwnümde «Hudaýa şükür» diýen senaly sözler bolmandy; başymdan inen ýowuz külpetler wagtynda-da Biribardan dileg etmek ýadyma-oýuma düşmezdi; iň bärkisi «Eý, Taňrym, maňa rehim et» diýmelidirem öýtmezdim. Onuň adyny diňe ant içen hem-de küpür geplän mahalymda ulanýardym.

Aýdyşym ýaly, geçmişimde ýaşan şol biweç, doňýürek ýaşaýşym barada ençeme aýlap aňymda elhenç pikirler köwsar urdy. Degre-daşyma seretdigimçe, şu ýere gelelim bäri, nähili ylahy ýalkawlaryň meni gurşap alany, Biribaryň maňa nähili jomartlyk bilen eçilýäni, agyr etmişlerimi bagyşlap, gazabyna duçar etmeýäni, gaýtam Onuň öz nygmatlaryny depämden gumralaýyn guýup, bolelinlikde baýnadyp ýaşadýany barada oýlanýardym. Şeýlelikde, Beýik Biribaryň öz dergähinde tobalarymy kabul edip, maňa ýene-de köp sahawatlar etjegine ynam döredýärdi.

Şol zatlary aňymda öwrüp-çöwrenimden soň, häzirki ýagdaýymda takdyra ten bermelidigimi, şeýle hem şu günüme tüýs ýüregimden şükür etmelidigimi; eden ýazykly etmişlerim üçin temmi berilmäni sebäpli, bu jan tende durdugyça, nägile bolmaga hakymyň ýokdugyny; aslynda, bu ýerde mynasyp däl nygmatlarymyň ençemesiniň hözirini görüp ýörenimi; ýer ýumruklap, günümden zeýrenip oturman, gaýta keýpim daş ýaryp, birgiden ylahy gudratlar arkaly her günki iýip-içgim bol-telki tapylyp durany üçin, otursam-tursam Haky ýat edip, alkyş-sena okamalydygymy; ylla diýersiň, gözli çeşme deýin yzly-yzyna ýagdyrylyp gelýän gudratlar arkaly, azyk-suwluga mätäç bolmazlygymyň gargalaryň Ylýas pygamberi

naharlamagyndan pes ahwalat däldigini; dünýäniň janly-jemende ýaşamaýan haýsy künjegine düşenimde-de, şu taýdan has gowy bolardy diýip biljek ýerimiň ýokdugyny; bu taýda ýekesiräp, içim gysýan-da bolsa, janyma howp saljak wagşy ýyrtyjylaryň, gazaply börileriň ýa-da gaplaňlaryň, zäherli jandar-lardyr ir-iýmişleriň, etimi çişe düzüp, süňkümi gemirjek wagşy adamhorlaryň ýokdugyny birin-birin göz öňüme getirip, halyma şükür etdim. Gepiň keltesi, ýaşaýşym bir tarapdan, gussaly-da bolsa, beýleki tarapdan, Ýaradanyň ýalkamagyna mynasyp bolupdym. Ine-gana ýaýnap ýaşamak üçin kem zadym ýokdy, Biribaryň maňa eçilen eşretlerine we maňa garaşyk edýänine çuňňur göz ýetirip, öz göwnümi hoşlap gezibermelidim. Şeýlelikde, bu meseleleri paýhas elegimden geçirip, gündelik durmuşa gümra boluberdim. Dolanybam gaýgy-hasrat çekmedim.
Adada ýaşap ýörenime köp wagt bolany sebäpli, gämiden gury ýere daşan zatlarymyň birentegi gutarypdy, harap bolupdy ýa-da ulanmaga ýaramly möwritini ötüripdi. Öň gürrüň berşim ýaly, meniň syýam bellibir wagta çenli ýetdi. Oňa azajyk-azajykdan suw goşup ulanyp ýördüm welin, ol barha öçügsilenip, ahyrsoňunda kagyzyň ýüzünde yz galdyrmasyny bes etdi. Syýa şeýdip gutarýança deňiç, başymdan geçen üýtgeşik wakalary aýy-güni bilen birsydyrgynja edip, gündeligime ýazýardym. Günlerde bir gün şol belläp goýan ýazgylaryma göz aýlap otyrkam, ilki bilen başymdan geçen her dürli wakalaryň bolan günleriniň örän geň ýagdaýda gabat gelýäni ünsümi çekdi. Günlere sähet-bisähet diýip, yrym edýän bolsadym, derwaýys günlerimiň ählisini uly bilesigelijilik bilen telläp çykmagym hem mümkindi.
Ilki bilen, deňiz ýüzüşine gitmek üçin enem-atamdan, dost-ýarlarymdan gaçyp, Hall şäherine baran günüm bilen birmeňzeş günde Saledäki garakçylara ýesir düşüp gul edildim. Ýarmut aýtymynda gark bolup barýan gämiden gaçyp gutulan günüme gabat gelýän günde Sale şäherinden barkasly gaçyp gaýtdym. Doglan günümde, ýagny sentýabr aýynyň 30-ynda, ýigrimi alty ýaşymy dolduran pillämde, Biribaryň gudraty bilen heläkçilikde janymy gutaryp, şu adanyň kenaryna düşdüm. Şeýlelikde, meniň ýazykly durmuşym we ýalňyz günlerim şol bir günüň özünde başlapdyr.
Syýanyň yzy bilen nanym, ýagny gämiden alyp gaýdan külçelerim hem baýady. Bir ýyldan gowrak wagtlap, günde ýekeje külçe bilen ölmez-ödi oňňut edip, çöregi biçak tygşytly ulanypdym. Şonda-da, barybir, öz hasylym ýetişýänçä, arly ýyl diýen ýaly çöreksiz galdym. Emma munda-da şükür etmäge düýpli esas bardy, sebäbi gudrat bilen arpaly-nanly bolupdym, ýogsam iki elimi burnuma sokup galybermelidim.
Egin-eşiklerimiň hem şylhasy çykyp ugrapdy. Içki geýim diýeniň-ä, beýleki deňizçileriň sandyklaryndan tapan çyzmykly köýneklerim bar diýmeseň, başga tetärigim ýokdy. Olary hem biçak aýawly saklaýardym, çünki köplenç diňe köýnek geýmeli bolýardym. Umuman, deňizçilerden galan geýim-gejimleriň arasynda şol otuz-otuz bäş sany köýnek maňa hezil berýärdi. Mende deňizçileriň geýýän galyň şinelleri bardy, ýöne bu ýeriň yssy howasynda olary egniňe sokup boljak däldi. Aslynda, munuň ýaly tüp yssyda egin-eşik geýmegiň o diýen hajaty hem ýokdy. Emma adada ýekeje özüm bolsam-da, ýalaňaç gezip ýörmäge höwesek däldim, höwesek bolaýanymda-da, beýle edip biljek däldim. Sebäbi ýalaňaç gezip bilmeýänimiň ýene bir emmasy bardy. Çuw ýalaňaç bolsam, ýeňiljek eşikli gezen

mahalymdakyň tersine, günüň jöwzasyna çydam edip biljek däldim; çünki tenimiň açyk ýerleri jokrama yssa çydaman pakgaryp, gabarçak-gabarçak bolýardy. Köýnek geýenimde bolsa, onuň içinden howa geçip, ýelejireýärdi-de, ýalaňaç wagtymdakydan iki esse dagyn salkynladýardy. Ýalbyrap duran Günüň astynda kelleýalaňaç gezmäge-de teý öwrenişip bilmedim. Bu ýerde jöwza şeýlebir ýakyp-ýandyryp barýardy welin, şlýapa ýa-da şyrdak geýmesem, dik depämden düşýän Günüň şöhlesi kellämi deşip gelýärdi. Şyrdajygymy geýen pillämde welin, ýaňky kellagyry edil el bilen aýrylan ýaly bolýardy.
Şol küýlere gümra bolup, egin-eşik diýip ýören şylhalarymy bellibir saýhala salmaga hyýallandym; ähli gursakçadyr keltekçelerimiň halys takyry çykypdy. Indi elimdäki deňizçi şinellerinden we beýleki mata-marlyklardan keltekçe ýasanmaga synanyşyp görmegiň aladasyny etmelidim. Şeýlelikde, tikinçilik bilen meşgullanmaga, has dogrusy, elime ilen zady gyrkyşdyryp, elem-ebtat çatyşdyrmaga başladym welin, äl, bir emelsiz sölitäň bar-da. Bolsa-da, çynymy edip, ahyryn iki-üç sany täze keltekçe tikindim, çakym çak bolsa, olar esli wagt derdime ýararlydy. Jalbar tikinmek barada aýtsam bolsa, şondan soň näçe wagtlap dyrjaşsam-da, ol iş maňa el bermedi.
Awlaýan jandarlarymyň ählisini, ýagny dört aýakly haýwanlaryň derisini ýygnap goýýanymy ozal aýdypdym. Derileri ýüzüp alýardym-da, uzyn taýaklar bilen dartdyryp, Günüň aşagynda serip goýýardym. Käbiri gurap, şeýlebir gataýardy we hiç bir derdiňe ýaradar ýaly bolmaýardy, beýleki deriler bolsa, birkemsiz gurap, diýseň ajaýyp bolýardy. Men olardan ilki bilen özümi ýagyşdan gorar ýaly, deriniň tüýlek tarapyny daş ýüzüne çöwrüp, ullakan şlýapa tikdim. Ol tüýs göwnemakul bolup çykdy welin, men şol derilerden bir laý eginbaş edinmegi ýüregime düwäge-de, ýel çalmaga gaýym edip, bir keltekçe, birem dyzymdan bolup duran balak tikindim. Olary hem tüýüni daşyna edip, giň edip tikdim, sebäbi özümi aňzakly sowukdan däl-de, howur alýan petiş yssydan goramalydym. Täze tikinen soýkalarymyň juda eleşan bolanyny boýun alaýyn, sebäbi agaç ussaçylygyna duran ýerim bolsa, onda tikinçiligi dagyn özüňiz biliberiň. Emma herniçik-de bolsa, şolary geýdim welin, heziller edinäýdim, ylaýta-da, şabyrdap ýagyş ýaganda diýsene! Keltekçäm bilen şlýapamyň tüýleri daş ýüzünde bolansoň, indi eger-eger eziljek aladam ýokdy.
Şondan soň saýawan ýasanjak bolup, örän köp wagt hem-de zähmet sarp etdim. Ol maňa juda gerek bolýany sebäpli, otursam-tursam bar küýüm şony nädip ýasamalydygy boldy. Braziliýada saýawanyň nähili ýasalýanyny görüpdim, ol ýurtda jokrama yssy başlan çaglarynda adamlar hezil edip saýawan göterýärdi. Meniň ýaşaýan adam ekwator çyzygyna golaý bolansoň, bu ýerdäki yssy Braziliýanyň çeni-çaky däldi. Häli-şindi daşary çykmaly bolýanym üçin, saýawan hem ýagyşly, hem güneşli howada maňa tüýs gerek zatdy. Irginsiz hysyrdanyp, ahyrsoňunda saýawana meňzeşräk bir zady tasa getirdim. Aslynda synym oturar ýaly saýawan ýasanýançam, iki-üç sany saýawana ýeterlik matadyr derini ber-bibat edipdim. Ýöne ahyrsoňy öz islegime kybap bolan saýawan ýasamagyň hötdesinden geldim. Emma ony açyp-ýapmak görgi boldy. Saýawany diňe açyk durar ýaly edip ýasap boljakdy. Ýöne şonda açyk saýawany diňe depäme tutup gezäýmesem, ony başga hili ýanymda göterip biljek gümanym ýokdy. Beýdip, depäň saýawanly tentirekläp ýörmek bolsa,

ýeňil-ýelpaý iş däldi. Şeýle-de bolsa, ýaňky aýdyşym ýaly, iň soňunda özüme çemeliräk, açylyp-ýapylýanja saýawan edinmegi başardym. Onuň daş ýüzüne tüýlek deri tutdum welin, ol indi misli gapynyň öňündäki bassyrma deýin ýagyş suwlaryny bir ýana akdyryp goýberýärdi, Günüň jöwzasyndan saýalap serginlik berýärdi. Indi men tebit alýan ýalynly yssyda hem salkyn howadakydan has arkaýyn gezelenç edip bilýärdim. Gerek bolmadyk wagty bolsa, ony ýapagadan, goltuga gysdyraýmalydy.
Şeýlelikde, men adada wagtyhoşlyk bilen agaýana ýaşap geziberdim. Özümi lükgeligim bilen Biribaryň eradasyna tabşyryp, Onuň takdyryna doly ten beripdim. Bu ahwal durmuşymy adamlar bilen ýaşanyňdakydan has gözelleşdiripdi, adam-gara bilen gümür-ýamyr edişesim gelip, ýüregim gysan çagy bolsa: «Ýeri, öz oý-pikirlerim bilen içgin sözleşmek ýa-da hatda kalbym joşup, dileglerimde (eger şeýle diýmek dogry bolsa) Hak bilen kelam alyşmak, eýsem, dünýäde adamzat jemgyýetiniň iň bir bagtyýar pursadyça ýokmudyr?» diýip, öz-özüme sowal bilen ýüzlenýärdim.

## X bap

Şondan soňky bäş ýylyň içinde hiç hili üýtgeşik waka bolmady. Ömrüm şol bir ýerde, öňki durkunda birsydyrgyn geçip durdy. Bir ýyla ýeterlik azygymy öňünden ammara basyp goýmak maksady bilen, arpadyr şaly ekmek, üzüm ýygyp, kişmiş sermek ýaly ýyllyk işlerimiň, ýa bolmasa, awa-şikara çykmak ýaly gündelik endiklerimiň gapdaly bilen esasy meşgullanan işim ýamaşgan bir gaýyk ýasanmakdy. Ahyrsoňunda gaýygy birkemsiz timarlap, boldum etdim. Onuň duran ýerinden kiçijik aýlaga çenli giňligini alty fut, çuňlugyny dört fut edip, uzynlygy ýarym mile dagy ýetjek ýap gazdym-da, täze gaýygymy suwa goýberdim. Ozalky ýasan taýmylym, ony deňze nädip goýberjegim barada öňünden ölçerip-dökmänim sebäpli, mähnet bolupdy. Hernäçe çarp ursam-da, ony deňze eltibem, ýap çekip, deňiz suwuny onuň alkymyna getirip bilmän, halys ädim ýanansoň, indikime berk bolup, ikilenç gaýyk ýasanymda özüme göz bolsun diýägede, ony duran-duran ýerinde taşlap gaýtmaga mejbur bolupdym. Dogrusy, indiki gezekde deňze ýarym milden has ýakyn zolagy ýer ýykyp gözlesem-de, gabarasy täze gaýyga kybap geljek agaç tapyp bilmedim. Teý-ahyr üstünden baran agajymdan aýlajyga çenli aradaşlyk ýarym mil töweregidi, şeýle-de bolsa, «Kör hasasyny bir aldyr» diýleni, men ählije zady ýedi ölçäp bir kesdim-de, mazaly änigine-şänigine ýetip, şol aralyga insizje ýap çekip boljagyna ymykly göz ýetirdim. Şondan soň, ýene uly höwes bilen gaýyk ýasamaga girişdim. Gaýyk taýýar bolýança, tas iki ýyllap diýen ýaly irginsiz zähmet çeksem-de, zeýrenmän işledim. Galyberse-de, açyk deňze ýüzüşe çykyp biljegime besleýän umydym maňa gujur-gaýrat berýärdi.
Emma çaklaňja gaýygym ýüzüşe taýýar bolan dessine, onuň ilkibaşda göz öňünde tutan niýetimi amala aşyrmak üçin juda ejiz geljegine akyl ýetirdim; diýjek bolýanym, muňa münüp, kyrk mil gowrak uzaklykda salgymlap oturan gury ýer bölegine çenli ýüzüp gitmäge bognum ysmady. Şeýlelikde, gaýygymyň kiçidigi zerarly şol ýere gitmek niýetimden gutarnykly el çekdim we dolanybam şonuň

pikirini etmedim. Ýöne adanyň daşyndan aýlanyp çykmaga täze hyýal döräninde guşgunym göterildi. Çünki ozal gürrüň berşim ýaly, men adany pyýada kesip geçip, onuň beýleki tarapyna baryp görüpdim; şol kiçijik syýahatymda duş gelen açyşlarym bolsa, adanyň beýleki ýerlerine-de aýlanyp görmäge uly gyzyklanma döredipdi. Ine, indi meniň öz gaýyjagym bardy. Onsoň adanyň daş-töweregine ýüzüşe çykmak üçin ýüregim atygsap başlady.

Şol maksadymy amala aşyrmak üçin juda eserdeň oýlanyşyp, gaýyga kiçeňräk bogaldak dakdym we gämiden alyp gaýdyp, ammarda küdeläp goýan bölek-büçek ýelkenlerimden pugta ýörmeşdirip, ykjamja birini tikindim. Şeýlelikde, ýelkeni bogaldakdan asdym-da, gaýygyň ýüzüşini barlap gördüm we onuň deňizde ajaýyp ýüzjegine magat göz ýetirdim. Şondan soň gezelenç üçin äkitmeli boljak azyk-owkadymy, gerek-ýaragymy, ok-därimi we gaýry zatlarymy ýagyş-ýagmyrdan we deňiz suwunyň syçramagyndan ätiýaç edip, guruja saklamak üçin gaýygyň öň we yz tarapyna iki sany guty, has dogrusy, sandyjak ýasap, jebis çüýledim. Tüpeňimi salyp goýmak üçin gaýygyň iç ýüzünden insizden uzyn çukanak ýer oýdum. Ol çukanagyň üstüne-de tyrkyldadyp ýapaýar ýaly ýörite bir gapajygy ýonup taraşladym welin, ine, indi tüpeňim çyg çeker diýip howatyr etmese boljakdy.

Saýawanymy-da gaýygyň yzky bölegine bogaldak ýaly edip mäkämläp goýdum welin, ol misli telärjik kimin meni Günden penalady duruberdi. Ana, şondan soň, mahal-mahal ýüzüşe çykyp ugradym, ýöne açyk deňze çykmaýardym-da, aýlajygyň golaý-goltumynda köw-söw urýardym. Ahyrsoňy, kiçijik şalygymyň degre-daşyny aýlanasym gelip, halys ýüregim üzülip baransoň, adanyň daşyna ýüzüş etmegiň pikirine mündüm. Şoňa laýyklykda, goşumy düwdüm-de, gaýygymy ýüzüşe şaýlap başladym. Ýigrimi-ýigrimi bäş tegelek arpa çörek (has dogrusy, zagara) diýermiň, tümmek bir piti gowurmaçlanan tüwi diýermiň (ol tüýs meniň höregimdi), ýa bolmasa, bir çüýşejik rom, ýahnalanan geçi eti diýermiň, birden ýene aw edäýmeli bolsam diýip, esli däridir seçme diýermiň, garasaý, birkemsiz ýüklendim. Deňizçileriň sandygyndan alyp galan şinellerim okyjynyň ýadyna düşýän bolsa gerek. Birini düşek, beýlekisini bolsa, gije ýatanymda ýorgan edinerin diýip, şolardanam iki sanagyny gaýyga okladym.

Hökümdarlygymyň ýa-da isleseňiz, ýesirligimiň altynjy ýylynda, noýabr aýynyň altysy güni ýüzüşe ugradym. Ol çaklanymdan has uzaga çekdi. Adanyň özi onçakly uly bolmasa-da, onuň gündogar tarapyna golaýlanymda, käsi suwuň aşagynda, käsi suwdan çykyşyp duran ulgam-ulgam gaýalyklaryň giden bir ýalpaklygy emele getirip, iki liga çemesi aradaşlygy tutup, ummana bakan süsňäp gidýänine gözüm düşdi. Ondan aňyrlygyna bolsa, ürgün çägeli saý ýer ýarym liga töweregi uzalyp gidýärdi. Şol dilkawdan aýlanyp geçmek üçin, açyk deňze tarap esli ýüzüp, uly öwrüm etmeli boljakdym.

Ilkibaşda şol ýalpaklygy görenimde, ummanyň jümmüşine baka näçeräk böwür bermeli boljagymy çen urup bilmedim, üstesine-de, kenardan bir uzaklaşaýsam yza dolanyp biljegim gümana bolansoň, kelebiň ujuny ýitirdim-de, kenara golaýlaşdym. Ýola düşmänkäm, gämiden galan döwük bir leňňerden özümçeräk bir labyr ýasap, gaýyga salyp goýupdym. Ana, şol labyry suwa taşladym-da, gaýygy duruzdym.

Labyryň tanapyny gaýyga göwnejaý oradym-da, tüpeňimi elime alyp, suwuň içi bilen ýöräp, kenara çykdym. Golaýdaky beýik baýra dyrmaşdym welin, ol ýerden ýaňky dilkaw edil eliň aýasy dek görnüp duran ekeni. Onsoň ýüregime daş baglap, dilkawy aýlanyp görmeli diýen netijä geldim.
Baýryň depesinde eglenip, deňze esewan edip durşuma, güýçli we diýseň çasly bir akymyň gündogarlygyna bakan batly akyp, hatda gaýalyk dilkawa çenli gelip ýetýänini saýgardym. Ol akymy birsellem üns berip synladym, sebäbi birden şoňa düşäýsem, meniň üçin azda-kände hatarly bolmagy ahmaldy. Bady bilen açyk deňze sary bir ykdyryp äkidensoň, ada dolanyp gelmegiň hyllalla boljagy göze dürtülip durdy. Hernä, öňünden depä çykyp, saga-sola äňedenim bähbide çekipdir, ýogsam aksaň akyp gidibermeli boljak ekeni. Asyl, şeýle akym adanyň beýleki gapdalynda-da bar bolsa nätjek. Ýöne ol has daşrakdan akýardy. Mundan başga-da, edil kenarýakanyň alkymynda girdap sebäpli köwlenip akýan biçak güýçli garşydaş akym hem bar ekeni. Birinji akymdan aýlanyp geçmesem dagy alajym ýokdy, şonda girdabyň garşydaş akymy meni kem-kemden kenara ýakynlaşdyrjakdy.
Men şol ýerde labyr taşlap, iki gün garaşmaly boldum, çünki gündogar, günorta-gündogar tarapdan hälki akymyň tüýs tersine güýçli şemal öwsüp, dilkawyň üstünde aňňat-aňňat gomlar gopgun baryny turuzýardy. Şonuň üçinem zarp bilen gelip urýan tolkunlardan ýaňa kenara golaýlar ýaly däldi, daşraga ýüzseňem akym elesledip, enter-pelegiňi öwürjekdi.
Ikinji gije harasat kiparlap, deňze asudalyk aralaşdy welin, men ertesi ir säher bilen täzeden ýola düşdüm. Emma bu geleňsiz hereketim ähli howul-hara, gögele dargalar üçin tüýs sapak alarlyk boldy. Sebäbi dilkawa ýetenim hem şoldy welin, heniz kenardan gaýygymyň boýuça-da daşlaşyp ýetişmänkäm, elhenç çuňluga we harazyň gatlasy ýaly eýmenç hokurdap akýan çasly akymyň ortarasyna baryp düşdüm. Akym gaýygymy şeýlebir okgunly akdyryp ugrady welin, hernäçe synanyşsam-da, ony akymyň ugrundan çykaryp bilmedim. Şol aralykda, çep tarapymdaky girdabyň garşydaş akymyndan barha we barha uzaklaşýanymy gördüm. Maňa kömegi deger ýaly şemal hem öwüsmeýärdi, arrygyňy gynap, kürekläniňdenem üýtgeşik haýyr ýokdy. Men «indi barysy gutardy» diýip, dünýäden tamamy üzeňkirläp ugradym; sebäbi adanyň iki ýakasynda-da çasly akýan akym bardy we men birnäçe liga aňyrda olaryň ýaňadan birleşjegini misli aýnada gören ýalydym. Ana, onsoň şony tepbediň okalyp, gelmez ýola gitdigiň hasap edäýmelidi! Şol iki arada bu ýagdaýdan halas bolmak üçin hiç hili çykalga-da tapmaýardym. Indi ardurja heläk boljagym şübhesizdi, muňa asuda çaýkanyp ýatan deňiz däl-de, eýsem, açlyk sebäp boljakdy. Dogrusy, men kenarda ullakan pyşdyl tapyp, zordan göterip, gaýygyň içine taşlapdym. Ondan başga-da, men toýun küýzelerimiň birini süýji suwdan dolduryp, ýanyma alypdym. Emma müňlerçe liga ýüzseňde, ada-ýenä gabat gelip bolmajak, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän bu uçsuz-gyraksyz ummanda ykdyrylyp ýören bedibagta ojagaz suwuň näme bolsun diýsene?!
Şonda men adam oglunyň şum täleýini öňküsindenem bäş beter etmegiň Ýaradanyň ýanynda juda aňsat işdigine anyk göz ýetirdim. Çolaja, tukat adajygym indi gözüme ýeriň ýüzündäki iň ajaýyp mesgen bolup görünýärdi. Göwnüm şo taýyk ýamaşgan

dolanyp barmagy arzuwlap näler telwas edýärdi. Men naýynjar halda, ada bakan iki elimi uzadyp: «Eý, sahawatly çöl-beýewan! Indi hiç haçan saňa gözüm düşmez. Wah, edenim bar bol-a, men bir iki jahan owarrasy şormaňlaý, ýeri, nirä alakjap barýaň diýsene?» diýip, delmuryp gygyrdym. Soň öz gadyrbilmez häsiýetimi teýeneläp ugradym; ýekelikden zeýrenip, hüňürdäp, goýar ýerde goýmazdym; indi bolsa, şol kenara barmak üçin tutuş dünýe malyndan geçmäge taýýardym! Adam pahyr çig süýt emen-dä, ömür edähedidir, tä beterine duşaýýança gününden närazydyr, elindäki eşretleriň hözirine diňe olary elden aldyransoň düşünýär. Aýdyşym ýaly, ýüzümi üç ýuwlan ak esgä döndürip, nähili hopuganymy aýdar-diýer ýaly bolmady. Mähriban adajygymdan (indi ol maňa şeýle görünýärdi) daşlaşyp, ümmülmez ummanyň jümmüşine tarap eýýäm iki liga töweregi ygyp gidipdim. Boljak iş bolupdy, yza dolanmakdan ymykly el üzüpdim. Şeýle-de bolsa, halys sütünim süýnüp, tapdan düşýänçäm, aldygyna kürek işledip, gaýygymy demirgazyk tarapa, ýagny häzirki akymyň garşydaş akyma galtaşýan ýerine tarap ugrukdyrdym. Günorta bolup, Gün dik asmandan agyp başlan çaglary, göwnüme bolmasa, günorta-gündogar taýdan gelýän adaja öwüsgin ýüzümi sypap giden ýaly boldy. Muňa biraz süňňüm ýeňläp, keýpim göterildi. Ylaýta-da, ol şemal güýjäp, ýene ýarym sagatdan mylaýym ýele öwrülip, batly şuwlap başlanda şatlanyşymy bir görsediňiz. Şol çaka deňeç eýýäm adadan esli uzaklaşypdym; şonda sähelçe ümür göterilip, howa bulutlanan bolsa, ugrumy ýitirip, çem gelen tarapa ygyp gidibermeli bolardym, sebäbi kompasym gaýykda däldi. Adany bir gözden ýitiräýdigim, gaýdyp onuň haýsy tarapda ýerleşýänini biljek umydym ýokdy. Ýöne Hudaý diýen ýerim bar bolarly — arassa asmanda kir-kimir ýokdy. Onsoň hasyr-husur bogaldagy dikeldip, ýelkeni galdyrmak bilen boldum-da, akymdan sypmak üçin, başardygymdan demirgazyga bakan ýüzmäge synanyşdym.

Bogaldagy dikeldip, ýelkeni galdyrdym welin, gaýygym ýüzüp başlan dessine, suwuň aýna ýaly ýaldyrap durşundan çen urup, akymyň lummurdysynyň üýtgäp başlanyny gördüm. Sebäbi akymyň güýçli ýerinde suw bulançak bolýar. Suwuň durulygyny siňe synlap, akymyň, hakykatdan hem, bir sebäp bilen gowşap ugranyna göz ýetirdim. Az salymdan ýarym mil çemesi gündogar tarapda deňiz tolkunlarynyň geriş-geriş gaýalyklara baryp urulýanyny saýgardym. Görüp otursam, ol gaýalyklar akymy ikä bölýär ekeni. Bölünen akymyň esasy goly gaýalary demirgazyk-gündogarda galdyryp, günorta tarapa akýardy. Beýleki gol bolsa, gaýalardan yzyna serpigip, güýçli burgun döredýärdi-de, ýaňadan demirgazyk-günbatar tarapa diýseň çalt akýardy.

Meniň nähili şatlananyma, megerem, diňe jelladyň kündesine münüp, boýny syrtmakly durka günäsi geçilen ýa-da ganhor garakçylaryň elinden ahyrky pursatda halas edilen, ýa bolmasa, şonuň ýaly islendik apatdan sag-aman başyny gutaran adamlar düşünse gerek. Gaýygymy girdabyň emele getirýän ýaňky garşydaş akymyna salan pilläm, begenjimden ýaňa hut uçaýjak bolşumy bir görsediňiz! Barha güýjeýän ugurdaş ýele edil çaga ýaly begenip, ýelkeni pasyrdadyp açdym welin, şadyýanja ýelkenim şol bada gübürdäp çişdi we gaýygym garşydaş akymyň güýçli daşgynyna goşulyşyp, mähriban adajygyma bakan zymdyrylyp ugrady.

Garşydaş akym meni ada bakan bir liga çemesi ýakynlaşdyrdy, ýöne akymyň meni ilki ummana ykdyryp äkiden ýerine däl-de, şonuň iki liga töweregi demirgazygyna getirdi. Şeýlelikde, men ada golaýlaşan wagtym, başdaky ýüzüşe çykan ýerimiň göni ters tarapyna — adanyň beýleki ujuna baryp düşenime göz ýetirdim.

Şol garşydaş akymyň kömegi bilen bir liga töweregi ýol geçenimden soň, ol kem-kemden paýawlap, pessaýlady-da, meni mundan aňryk beýle kösemedi. Şeýdip, iki sany uly akymyň, ýagny meni ummana sürüp äkiden günorta akym bilen bir liga beýle ýanymdaky demirgazyk akymyň aralygynda, adanyň garagörnüminde, eliň aýasy ýaly tekiz, imisala deňizde sopbaş özüm galdym oturyberdim. Şemal henizem öwsüp duransoň, men gaýygymy göni ada tarap burdum, emma hälki tizligim indi esli gowşapdy.

Öýlän sagat dört uçurlary, entek adadan bir liga daşlykda ýörkäm, şu külpeti başymdan inderen, ýokarda suratlandyryşym ýaly, günortalygyna uzalyp gidýän, belanyň körügi bolan şol gaýalyk dilkawyň akymy has günorta bakan sowup, demirgazyk tarapda başga bir garşydaş akym döredýänini anykladym. Ol akym demirgazyga bakan towlanyp-towlanyp, örän çasly akýar ekeni, ýöne herniçik-de bolsa, ümzügim günbatara bolansoň, onuň bilen ýolum ugurdaş düşmeýärdi. Onsoň, men güýçli öwüsýän ýelden peýdalanyp, demirgazyk-günbatara tarap ýaý beräge-de, şol akymyň ortarasyndan parran böwsüp geçdim. Ýene bir sagat töweregi wagtdan kenaryň bir mil golaýyna, deňziň asudaja ýerine aralaşdym we hä diýmän gury ýere aýak basdym.

Çägelik kenara aýagym galtaşan badyna, dyzyma çöküp, meni halas edeni üçin şany beýik Hudaýa alkyş okap, şükür etdim-de, bu adadan gaýykly gaçyp gutulmak baradaky ähli hyýallarymdan el çekmegi pugta ýüregime düwdüm. Soňra ýanymda galanja azyk-owkadym bilen ýürekselik edindim-de, gaýygymy kenarýakada şahalary suwa degäýjek bolup, egrelişip oturan bir topbak agajyň aşagyndaky bukuja ýere salyp ýygşyrdym. Uzaga çeken ýüzüşiň argynlygyndan ýaňa halys lejim çykansoň, bir gapdala gyşaryp, süýji uka gitdim.

Oýananymdan soň, gaýygym bilen nädip öýe dolanarkam diýip, uly alada galdym. Biçak gözüm gorkansoň, gelen ugrumdaky howp-hatarlara indi juda beletdim. Beýleki ugra, ýagny adanyň günbatar tarapyna bolsa, meniň asla beletligim ýokdy. Ikilenç bir kelkelä-de eger-eger başymy sokjak gümanym ýokdy. Şeýlelikde, Gün dogup, jahan ýagtylansoň, günbatar ýakany syryp, öýe bakan ýöremeli diýen netijä geldim. Soň işim düşen mahaly gelip münmegi hyýal edip, öz «ak guşumy» arkaýyn goýup gider ýaly, howpsuzja aýlajyk gözläp, kenaryň boýuna esewan edip, ýola rowana boldum. Ýakany syryp, üç mil çemesi ýol ýöränimden soň, diýseň ajaýyp bir aýlagjygyň üstünden bardym. Ol adanyň jümmüşine bir mil töweregi aralaşyp gidýärdi, barha çürelip gidýän insizje künjegine bolsa, bir kiçijik çeşme gelip guýulýardy. Şol ýerde tüýs meniň gaýygym üçin elin niýetlenip gurlana çalym edýän örän imisala düşlegjigiň bardygyny gördüm. Gaýygymy şo taýyk getirip, göwnejaý berkitdim-de, haýsy jelegaýa gelip düşenimi biljek bolup, kenara çykdym.

Görüp otursam, bu ýer birwagt pyýadalap gelip giden ýerime juda ýakyn eken. Onsoň diňe tüpeňimi hem-de Günüň gyzan tamdyr ýaly laplaýan epgeginden goranmak üçin

saýawanymy aldym-da, «niredesiň öýüm» diýip ýola düşdüm. Deňizdäki galagoply syýahatymdan soň, indi maýdaja ädimläp, seýran edip barmak göwnüme juda hoş ýakýardy. Agşamara jülgedäki telärli howlyma baryp ýetdim. O taýda hemme zat duran-duran ýerinde, gülala-güllük ekeni, çünki tokaýdaky bu öýümi hemişe gül pürkülen ýaly, örän tertipli saklaýardym.

Agaç haýatdan aşdym. Ýadawlyk zerarly halys endam-janym syrkyrap duransoň, birsalym bilimi ýazaýyn diýip, haýadyň kölegesine süýnen badyma uka gitdim. Näçe wagt ýatanymy bilemok, ýöne, ynha, «Ýatanyň üstüne turan gelmesin» diýlişi ýaly, ukynyň arasynda kimdir biriniň «Robin, Robin, Robin Kruzo! Görgüli Robin Kruzo! Sen nirede, Robin Kruzo? Hany, sen? Nirede gezip ýörsüň?» diýen sesine allaniçigsi bolup, hopugyp oýandym. Meniň gökden düşen ýaly nähili aňk-taňk bolanymy göz öňüne bir getiriň.

Irden bir salkyn gaýygy küreкläp, günortandan bärem paý-pyýada ýol geçip, mazaly lütüm çykansoň, birbada agyr ukudan açylyp bilmän, äm-säm bolup oturyşyma, biri düýşüme girendir öýtdüm. Ýöne ýaňky ses «Robin Kruzo, Robin Kruzo» diýip, halys tükezzibana tutup, goýar çende goýmady welin, men huşuma gelip başladym. Şol bada-da depe saçym düýrügip, tarsa atylyp turdum. Gözlerimi elek-çelek edip, töweregime garanjaklap görsem, asyl, haýadyň üstünde joňkarylyp, totujygym oturan bolsa nätjek. Ýaňky hetjikläp oturanyň şol garagoldygyna derrew düşündim. Sebäbi men totuguşum bilen şonuň ýaly naýynjar dilde gürleşýärdim, oňa şol hili sözleri öwredýärdim. Bu jümleleri ol tiz ýat tutýardy we meniň barmagymda hekgildäp oturyşyna, çokjasyny ýüzüme ýakynlaşdyryp: «Görgüli Robin Kruzo! Hany, sen? Nirede gezip ýörsüň? Bu ýere nädip düşdüň?» diýen sözleri we ýene şoňa meňzeş öwreden zatlarymy aýdyp gygyrýardy.

Ýöne onuň totuguşdugyna, başga hiç kim bolup bilmejegine göz ýetirenimden soň hem, esli wagt aýňalyp bilmedim. Ilki bilen totuguşyň bu ýere nädip gelenine, ondan soň, başga bir ýere däl-de, näme üçin şu telärli howla gelenine haýran galdym. Şeýle-de bolsa, ýaňky sesiň eýesiniň Totujadan başga hiç kim däldigini bilip, ýüregim ynjaldy. Onsoň oňa bakan elimi uzatdym-da: «Totuja» diýip, adyny tutup çagyrdym. Göwnaçyk guşjagaz uçup gaýtdy-da, edäheti boýunça, başam barmagyma gonup, meniň bilen gepleşmäge başlady: «Görgüli Robin Kruzo! Men bu ýere nädip düşdüm? Öň nirede boldum?» Ol meni täzeden görenine örän şatlanan bolarlydy, onsoň ony alyp öýüme gaýtdym.

Şunluk bilen, deňizdäki gezelenjimi belli-külli soňlap, ep-esli günläp öýde demimi-dynjymy aldym we başymdan geçen howply ýagdaýy inçeden yzarlap, ymykly ölçerip-dökdüm. Gaýygym adanyň bu gapdalynda bolanda, şowuna düşäýjek ekeni; ýöne ony getirmegiň hiç hili ugur-ýoluny tapyp bilmedim. Adanyň gündogar kenaryna indi belet bolanymsoň, dagy-duwara şol tarapdan ýüzüp geçmek hyýalym ýokdy. Ol barada sähelçe diňirgendigim, inim jümşüldäp, ganym gaçyberýärdi. Adanyň günbatar tarapy barada aýtsam, o taýynyň nä jüre ýerdigine düýbünden näbeletdim. Ýöne akym gündogar tarapdaky ýaly güýçli akýan bolsa, onda ýene-de adadan daşlaşyp, açyk ummana ygyp gitmek howpunyň ýüze çykjagynyň ujy iki däldi. Şeýlelikde, şol iňkis bilen, gaýyksyz oňňut etmäge kaýyl boldum, ýogsam ony

ýasaýançam, ençeme aýlap gijämi gündiz edip, deňze goýbermek üçinem şonçarak hupbat çekipdim.
Şunlukda, çaklaýşyňyz ýaly, ýene bir ýyl töweregi öz erkimi jylawlap, sessiz-üýnsüz, örän parahat ýaşadym. Oý-pikirlerim ýagdaýyma uýgunlaşypdy. Hudaýyň eradasyna tabyn bolmagy özüme çäksiz bagt saýýardym. Adamzat jemgyýetinden mahrum diýmeseň, ähli babatda juda bagtyýar ýaşaýanym hakynda oýlanýardym.
Şol döwrüň dowamynda zerurlyklaryň talap edýän ähli el senetlerinde kämilleşdim. Ylaýta-da, abzal-gurallarymyň çäklijedigine seretseň, onda meniň, çemi gelende, ökde agaç ussasy bolaýmagym hem ahmaldy.
Ondan başga-da, garaşylmadyk ýerden elinden dür dökülýän küýzegäre öwrüldim gidiberdim. Gap-gaç ýasalýan tegelek çarhy ulanmagy hem gowy öwrendim, asyl onda işlemek ýeňil hem-de gaýym ekeni. Ozalky tüňňi-süňňi gap-gaçlaryma garanyňda, indi ýasaýanlarym göräýmäge tegelekdi, gelşiklijedi. Şybyk ýasamagyň hötdesinden gelen wagtym, göwnüme bolmasa, öňde-soňda öz bitiren işimden şonuň deýin göwnüm bitip, eden açyşyma-da şonça şatlanan däldirin. Ýogsam ol juda betgelşikden oňaýsyzja bolupdy. Ony şykgyly toýundan tasa getirip, edil beýleki gap-gaçlarym ýaly, çym gyzyl bolýança otda bişiripdim. Ýöne şonda-da, görmeksizje şybygym örän mäkämdi we tüssäni dartyp bilýärdi. Şondan soň has-da geçim daga ýaýrady, sebäp diýseň, şybyk çekmegi ölemen halaýardym. Dogrymy aýtsam, çägä batyp ýatan gämide başda-da şybyk kändi, emma adada temmäki ösýändir öýdüp kelläme-de gelmäni üçin, ilkibaşda olary gämide galdyryp gaýdypdyryn. Soňky sapar gidip agtaranymda bolsa, olara duş gelmedim.
Men sebet örmäge-de diýseň ezberleşdim, üşügim joşdugyça sebet baryny münderläp çykdym. Olar göze gelüwli bolmasa-da, içine zat salmaga ýa-da öýe odur-budur äkelmäge örän çemeli hem-de ykjamdy. Meselem, aýdaly, geçi awlan wagtym, ony agaçdan asyp, derisini soýýardym we etini pudarlap, sebede salýardym-da, alyp gaýdýardym. Pyşdylam edil şonuň ýalydy; ony kesip, içindäki ýumurtgalaryny, iýmäge bolarlyk birki bölek etini sebede oklap, galanynam taşlap gaýdyberýärdim. Şeýle hem ullakan çuň sebetlere elim bilen owup, köwzäp, güne serip guradan dänelerimi gapgaryp goýýardym.
Indi därimiň esli azalany göze dürtülip ugrapdy; onuň üstüni dolmak bolsa mümkin däldi. Därim gutaransoň näme alaç ederkäm, ýagny geçileri nädip awlarkam diýen pikir meni örän ynjalykdan gaçyrýardy. Öň gürrüň berşim ýaly, adadaky üçünji ýylymda ýaşajyk bir owlajygy tutup, ekdi edipdim. Men oňa höwür bolar ýaly, bir erkejik owlak tutjak bolubam, pursat peýläp gezipdim, ýöne ol hyýalym başa barmandy. Şeýdibem, owlajygym geçi çykan wagty ony öldürmäge teý ýüregim dözmänsoň, janawar ahyrsoňunda garrap, öz ajalyna ölüp gidipdi.
Ýöne indi adada on bir ýyldan bäri ýaşap ýöremsoň, ýaňy aýdyşym ýaly, därili çeleklerim taňkyrap, düýbi görnüp başlapdy. Şeýle bolansoň, men geçileri diri tutmagyň hyýalyna münüp, gapanmydyr, duzakmydyr, garaz, bir tilsim tapmagyň alajyny gözlemäge girişdim. Ylaýta-da, owlaklyja geçi tutaýsam, tüýs jüpüne düşjekdi. Şol matlabyma ýetmek üçin, geçileriň aýagyna çolaşar ýaly her hili syrtmak edip, olaryň geçýän ýodajyklaryna gurup gördüm. Geçiler telim sapar duzaga düşdi,

ýöne mende ibaly sim bolmansoň, olar her gezek ugursyzja tilsimlerimi üzüşdirip, gaçyp gidýärdi. Haçan barsaň, duzagyňa çöpe-çalama ilişip ýatandyr, üstündäki aldawaç ot-iýmem ýom-ýokdur. Ahyrsoňy, güpbasdy gazyp görmegi ýüregime düwdüm. Onsoň geçileriň otlaýan bellije ýerlerinde birnäçe çuň çukur gazyp, saldamly şahalar bilen, aşak çökmez ýaly edip basyrdym. Olaryň üstüne wagtal-wagtal arpa sümmülleri bilen gury tüwi sepeleşdirdim. Munuň sebäbi men geçileri hut şu ýere öwrendekli etjek bolýardym. Hakykatdan-da, her gezek barlaga gelenimde geçileriň bu ýerde bolup, däneleri iýip gidenini görýärdim, olaryň aýak yzlary hem mesaňa bildirip durdy. Şondan soň men bir gün üç sany güpbasdyny ýukajyk edip basyryp goýdum. Ertesi ir säher bilen baranymda, duzaklar öňki-öňküligine duran ekeni, aldawaç däneleri bolsa iýlipdir. Muňa örän lapykeç boldum. Teý-ahyr bolmajagyny bilip, güpbasdylary başgaçarak gurnadym, ýöne gürrüňi çintgäp, kelläňizi agyrdyp oturmaýyn. Garaz, bir gün irden gelip görsem, al saňa gerek bolsa, göýä bolsady ekilen ýaly, çukurlaryň birinde daýaw bir garry teke tarsyldap çekrese, beýleki bir çukurda biri erkek, ikisi urkaçy, üç sany owlajyk lägirýär.

Garry geçi maňa hezil bererli görünmeýärdi, ol şeýlebir gazaply tabyrdap, dikine zyňýardy welin, men çukura girmekden, has dogrusy, ony diri tutmakdan elli bizar geçdim. Ony kaklaýsam hem bolman durjak däldi, ýöne, birinjiden-ä, başdan beýle niýetim ýokdy, ikinjidenem, etim-hurşum ýeterlikdi. Onsoň çukuryň üstündäki şahalary bir ýaňa aýyrdym welin, ýaňky kesir geçi edil ýüregi ýarylan ýaly bolup, towsup çykdy-da, ýazzyny berdi. Ýöne men ol wagt, soň aç saklamak arkaly hatda ýolbarsy hem ekdi edip bolýanyndan bihabardym, muny soň öwrendin. Eger şonda garry geçä üç-dört gün ot-suw bermän çukurda saklap, dördülenji gün diýlende, az-küş dänedir suw görkezen bolsam, onda ol hem owlaklar ýaly, mumly ýüplüge dönjek ekeni. Mahlasy, geçi maly örän düşbi we diýenediji bolansoň, olaryň peýdasy diýseň kän.

Ýöne şol wagt maldan başym çykmaýany üçin, garry geçini boşadyp goýberdim-de, owlaklaryň ýanyna bardym. Olary bir-birden çukurdan çykaryp, bir ýüpe kökerdim-de, itek-çomak bolup öýe alyp gaýtdym.

Owlaklar ürküşip, wagty bilen ota-suwa öwrenişmedi, emma hajyk-hujuk edip, öňlerine gökje sümmül oklaberdim welin, olar az-kem ýerläp ugrady. Şonda däridir seçmäm gutaran mahaly, özümi huruşlyk geçi eti bilen üpjün etmek üçin, megerem, ýeke-täk geçileri eldekileşdirip, öýümiň golaýjygynda goýun sürüsi ýaly edip, giden bir süri köpeltmek bolup durýanyna göz ýetirdim. Şol arada, owlajyklary ýabany geçilerden üzňe saklamalydygy, ýogsam olaryň sähel ers-mers boldugy tokaýa bakan ýelk ýasajagy kelläme geldi. Munuň öňüni almak üçin ýeke-täk çykalga — içindäkiler boşap gaçmaz, daşyndakylar böwsüp girmez ýaly berk agaç haýat ýa-da janly aýmança bilen gurşalan bir agyl ýasap, owlaklary şoňa gabap goýmakdy.

Agyl gurmak bir jübüt el üçin ýeňil-ýelpaý iş däldi, emma örän derwaýysdy. Şeýlelikde, owlaklar üçin göwnejaý baky ýer tapmaga hyýallanyp, ümürsin otly çemenlik ýer agtarmaga girişdim. O taýda owlaklar suw içmäge iner ýaly güzer hem-de Günüň ýandyryjy howrundan penalanar ýaly saýaly agaçlar hem bolmalydy.

Aýlanyp ýörşüme eliň aýasy ýaly tekiz çemenzarlygyň ýa-da günbatar koloniýalarda[5] ýaşaýan iňlisler aýtmyşlaýyn, sawannanyň üstünden bardym. Bir çeti goýry kölegeli jeňňellige direýän çemenzarlygyň iki-üç ýerinden şildireşip, duruja suwly çeşme-çaýlar akyp ýatyrdy. Tutuş çemenzarlygyň daşyna pesinden iki mil töweregi agaç ýa-da örme haýat aýlajak bolup, işe girişenimi aýtsam, onda şol hili agyl aýlamakdan başy çykýan islendik adam meniň bu pähimsizligime ýylgyrsa gerek. Bu ýerde gep gerimiň giňliginde däldi; sebäbi haýadyň uzynlygy, bar, on mil bolaýanda-da, ony gurup gutarmaga ýeterlik wagtym boljakdy. Asyl, geçileriň munça giň meýdanda, hamala diýersiň, uly bir ada düşen mysaly, ýene-de ýabany bolup ýaşajagy hem-de bu giden düzlükde olary kowalap tutjak bolaýsam dagy, onda olaryň maňa zygam etdirmejegi hakynda pikir etmändirin.
Şol pikir birden kelläme gelende, haýady ýaňy bir elli ýarda ýetiripdim; onsoň, işimi tapba kesdim-de, häzirlikçe uzynlygy ýüz elli, ini ýüz ýarda barabar çemenlik ýeriň daşyna aýmança çekmegi ýüregime düwdüm. Üç geçi üçin şol öleňlik şol wagtlykça besdi, süri ulaldygyça, agyly hem şoňa görä giňeldibermeli boljakdy.
Ätiýaçly hereket etmegi ýüregime düwenimden soň, batyrgaýlaşyp, işe başladym. Şol ilkibaşky agylymyň daşyna haýat aýlap dynýançam, üç aý töweregi wagt gerek boldy. Işleýän döwrümde owlaklaryň üçüsinem agylyň iň otluk ýerlerine eltip, öwrenişer ýaly öz golaýrajygyma örkläp goýýardym. Ýygy-ýygydan olara birki bogdak arpa ýa bolmasa bir goşawuç tüwi eltip, öz elim bilen iýdirýärdim. Şeýde-şeýde, haýady tamamlap, owlaklary agyla goýberdim welin, olar juda öwrendekli bolansoň, birki gysym dänä tamakin bolup, mäleşip, nirä ýöresem, yzymdan ylgap ýören boldy.
Şeýlelikde, «Yhlasa-myrat» diýleni, ýene ýyl ýarym gowrak wagtdan meniň eýýäm ululy-kiçili geçiden-owlakdan jemi on iki baş, kiçiräk sürim bardy. Ýene iki ýyl geçensoň bolsa, sürimdäki geçileriň sany kyrk üçe ýetdi, onda-da şoňa çenli hurşlyk üçin gazana atanlarymy hasap etmäniňde. Şol döwrüň dowamynda ýene bäş sany ýanaşyk agyl ýasadym-da olaryň arasyna ötüp-geçmäge girelge goýup çykdym. Her bir agylyň içinden bolsa, islän wagtym geçileri gabap tutar ýaly, çaklaňja agylçalar guruşdyrdym.
Ýöne bu entek hemmesi däl, sebäbi indi mende diňe bir göwnüm ganlyja et küýsän çagy soýar ýaly mal däl-de, eýsem, güžžüldedip sagaýyn diýsem, süýtlek geçilerim hem bardy. Dogrymy aýtsam, ilkibaşda ene geçileri sagybermelidigini güman hem etmändirin. Günlerde bir gün, şol pikir kelläme gelende, meniň üçin örän ýakymly sowgat boldy. Şondan soň, mähetdel etmän, süýt hojalygyny gurmaga girişdim we kähalatlarda günde birki gallona ýetirip süýt almaga başladym. Ähli janly-jandaryň azyk-engamyny ýetirip durýan tebigat hatda şol nygmatlardan peýdalanmagy tebigy görnüşde öwredýär ekeni. Şeýlelikde, geçi-hä beýlede dursun, heniz sygyr diýlen janawaryň ýelnini elläp görmedik, mesgedir peýniriň ýasalyşyny diňe oglanjyk mahalym kesesinden gören bolsam-da, ençe tulum süýt-gatygy zer-zaýa edenimden

[5] Koloniýa — basylyp alnan we ýaşamak üçin özleşirilen ýerler, ülkeler.

soň, ahyr bir gün, ynha görseň, hozanaklap, mesge ýaýyp, peýnir ýasap oturan bolaýdym.
Şol arada, adanyň ýakasyndaky gaýalyklaryň ýüzünde Günüň jöwzasyna agaryp ýatan şorlukdan duz almagy hem öwrendim we gaýdyp şoňa zar bolmadym. Abyrsyz külpetleriň astynda ýegşerdik diýip hasap eden pillämizde hem, Ýaradanymyz öz bendelerine, gör, nähili merhemet edýär! Ol iň bir ýowuz täleýi, gör, nähili süýjedýär we hatda zyndandyr zulmathanalara düşenler hem Özüne şükür eder ýaly şert döredýär! Ilkibada açlykdan ölüp gitmekden başga uç görmedik bolsam-da, Ol şu ýalazy meýdanda meniň üçin, gör, neneňsi sahawatly saçaklary ýazyp goýan ekeni!

## XI bap

Kiçijik maşgalamy daşyma tegeläp, şamlyk naharynda saçak başynda oturanymy gören islendik adam myssa ýylgyrsa gerek. Dergähimdäki raýatlarymyň barysynyň ykbaly, törde gabarylyp oturan, adanyň hökmürowan şazadasy hem-de eýesi bolan meniň elimde: islesem, dara çekdirerin, islesem, ganyny geçerin; erkinlige goýberip ýa-da gul edip saklabam bilýän; bu ýerde edenime däl diýip biljek ýekeje başbozarada duşaýmarsyň. Pah-pah, ähli hyzmatkärlerim aýak üstünde «lepbeý» diýşip durka, meniň misli korol deýin bir özümiň dabaraly halda naharlanaýşymy diýsene! Totuja bolsa, hamana diýersiň, mährem syrdaş ýaly hekgildäp, meniň bilen hem söhbet bolmaga ýeke-täk hukukly kişimişin. Öz neslini dowam etdirmäge höwür tapman, bireýýäm lagar düşüp, ýalňyzlykdan öwzaýy üýtgän garry köpegim elmydama sag tarapymda garysyny ýassanyp ýatandyr. Hersi stoluň bir gapdalynda oturan pişijeklerem, öz merhemetimden haçan birki bölek owkat uzadarkam diýip, elime garap ýalmanyşýarlar.
Bu pişikler meniň ilkibaşda gark bolan gämiden halas eden pişiklerim däldi, olaryň ikisi hem birwagt ölüpdi we men olary öýümiň gapdalynda ýere duwlapdym. Emma şol pişikleriň biri heniz diri wagty, bir gezek mawa gelen pillesi, näbelli bir jandar bilen jübütleşip, çagalapdyr. Şol pişijekleriň iki sanysy öýdeçi boldy, galanlary bolsa, çöpe-çöre siňip, ýabanylaşyp gitdiler. Soň şol ýabany, kümsük pişikler başymdan inen melamata dönendirler-ow! Olar zol-zol öýüme darap, azyk-engamlary tüýtmeläp, ogurlap, maňa gün ýamanyny görkezerdiler, onsoň men juldan çykyp, halys sabyr käsäm dolan güni, tüpeňimi alagadan, ýaňky alkakmyşlary birujundan pürreläp çykdym. Olaryň öleni-ölüp, galany hem dolanyp gara bermedi. Şeýlelikde, men öz hemralarym bilen, bal günüme batyp ýaşap ýördüm, ýekesireýän diýäýmesem, başga kem zadym ýokdy. Ýogsa-da, ýekesireýän diýen bolup otyryn welin, şondan kän wagt geçmänkä, indi adajykda gereginden artyk bir gaýmalaşygyň dörejegi belli boldy.
Öňem aýdyşym ýaly, indi kellämi etegime salyp, howp-hatara täwekgelçilik etmäge gaty göwünsizde bolsam, gaýygymda ýüzesim gelip, içim byjyklap durdy. Şonuň üçin-de, kämahallar ony adanyň bäri ýüzüne getirmegiň tärini gözläp, jöwlan urýardym, käteler bolsa, gaýygy owarrama urup, şonsuz kanagat edip geziberýärdim. Emma welin, soňky deňiz gezelenjimde adanyň ýerleşişini we akymyň nähilidigini

bilmek üçin baryp gören baýyrlygyma ýamaşgan gitmek barada ýüregime geň-enaýy bir gozgalaň düşdi. Ol gozgalaň meni gün-günden gysyp-gowurýardy. Ahyrsoňy, men kenaryň ýakasyny yzarlap, şol baýyrlyga gury ýerden baryp gaýtmagy ýüregime düwdüm-de, ýola rowana boldum. Şonda, eger Angliýada kimdir biri mysalasy meniňkä çalym edýän adam bilen pete-pet gabat gelen bolsady, onda ol ýa tisginip, elini-aýagyny ýitirerdi, ýa-da hahahaýlap gülüp keýpden çykardy. Hatda özümem zol-zol aýak çekip, ebtimi, üst-başymy synlaýardym we şu üpül-süpül jindelerim, sallam-sajak eginbaşlarym bilen Ýorkşiriň köçelerinden barşymy göz öňüme getirip, ýylgyrman durup bilmeýärdim. Gowusy, geliň, men size öz eleşan sypatymy suratlandyryp bereýin.

Kellämde geçi derisinden bejerilip tikilen, jowzadan gorap, ýagyrnymdan ýagyş geçmez ýaly, yzky etegi aşaklygyna esli sallanyp duran, zömmek, bişekil telpek bardy. Şunuň ýaly petiş howada eşigiňden syzylyp, endamyňa ýelmeşýän ýagyş suwundan erbet zat ýok bolsa gerek.

Egnimde syýlary uýlugymyň ýarysyna çenli örtüp duran, geçi derisinden tikilen keltejik donum, dyzymdan bolup duran balagym bardy. Garrap sandan galan bir serkäniň hamyndan syrdalan bu balagyň çöpürleri sallam-sajak boluşyp, injiklerime ýetip durdy. Köwüşden-jorapdan hiç zadym ýokdy, ýöne näme diýip atlandyrjagymyha bilemok welin, özüme hopul-sopul keltejik ädige ýa-da bolmasa, iki tarapyndan bagjyk bilen daňylýan, aşagy tasmaly, ýyljajyk gonja çalym edýän bir zat emelleşdiripdim. Hakykatdan-da, ol beýleki geýim-gejimlerimiň arasynda iň bir ýabany görnüşlisidi.

Bilime-de gurap çakyry çykan geçi gönünden ýasalan, tokasyna derek iki sany gaýyş çeki bilen çekdirilen ýasy kemer guşanypdym; kemeriň iki gapdalyna pugta daňlan asgyçlara bolsa, gamadyr hanjaryň deregine bir byçgyjyk bilen paltajyk iltenilgidi. Gaýyş bagjyk bilen birikdirilgi, has insizje başga bir kemeri bolsa egnaşyr dakynypdym: ol kemeriň çep goltugymyň aşagyndan geçýän ýerinde geçiniň derisinden ýasalan iki sany haltajyk asylgydy, olaryň birinde däri, beýlekisinde bolsa seçme bardy. Kebzämde sebedim, gerdenimde tüpeňim bardy, depämde bolsa, hernäme diýseň-de, tüpeňden soň iň zerur serişdäm — geçi derisinden edilip, uzyn tüýleri seçelenip, sal-sal bolup duran, tagaşyksyz, äpet saýawanymy göterip barýardym. Meňzim barada aýtsam, ol ekwatordan dokuz-on dereje uzakda ýaşaýan, ýüz-gözüne onçakly esewan etmeýän, meniň ýaly adamda bolar diýlip çak edilýänimiň tersine, gany gatyşyklaryňky ýaly bugdaýreňk öwüsmeýärdi. Sakgalymy bir ýola hiňňildik uçaýmaly edip goýberipdim; emma päki bilen gaýçy edinenimden soň, gürzelek sakgalymy gytajyk çyrpyp, gyrçuw etdim, ýöne murtumy welin, Sale şäherinde duş gelen käbir türklerde görşüm ýaly, musulmanlaryň edähedi boýunça timarlap, aşaklygyna goýberdim, beýle murt marokkolylarda däl-de, diňe türklerde bolýardy. Elbetde, murtumyň uzynlygy şyrdagymy asybermeli boldy diýib-ä biljek däl, ýöne Angliýada onuň egrelip, salparyp durşuna gözi düşen adamyň ziňkildäp, örgökden geljegi gürrüňsizdi.

Bu zatlary gepiň gerdişine görä, ýöne gürrüň beräýdim, çünki degre-daşymda üst-başymy synlajak adam-gara bolmansoň, egnime näme geýenimde-de, göwnüm bir

ýalydy. Şonuň üçinem, bu gürrüňe indi gaýdyp gelmerin. Men, ine, şu hili sulbalarym bilen gezelenje çykypdym, indem bäş-alty günden bäri ýolda. Men deňziň kenaryndan ýöräp, ilki bilen, daş-töweregi synlar ýaly, baýra dyrmaşmak üçin gaýygymy labyrda goýan ýerime bardym. Şindiz, bärde ünji edip oturasy iş bolmansoň, şondan aňyrlygyna gury ýerden gönüledim-de, şol öňki baýryň depesine dyrmaşyp çykdym. Şol ýerde durup, ozal gaýygym bilen daşyndan aýlanyp geçmeli bolan dilkawyma esewan eden wagtym, deňziň eliň aýasy dek tekiz, imi-sala ýagdaýdadygyna gözüm düşüp, aňk-taňk boldum. Suwuň ýüzünde ne akym bar, ne-de bir hereket, hatda zyýra-zyýra tolkunjyklar hem göze ilenok; beýleki ýerler hem edil şonuň ýaly. Men bu täsin ahwalata akyl ýetirip bilmedim we oňa daşgyndyr gaýtgynyň ugurlary dagysy täsir edýärmikän diýip, düşünjek bolup, birsalym deňzi synlap durmagy ýüregime düwdüm. Men tiz wagtdan, nämäniň-nämedigine göz ýetirdim: günbatar tarapdan gelýän gaýtgyn bilen şu golaý-goltumda ummana gelip guýulýan haýsydyr bir uly derýanyň döredýän akymy utgaşaga-da, hökmany suratda häzirki akymy emele getirýän bolmaly. Şemalyň günbatar ýa-da demirgazyk tarapdan has güýçli öwsüşine baglylykda, ol akym, bir görseň-ä, kenara ýakynlaşýardy, bir görseňem, ondan daşlaşýardy. Men agşama çenli eýläk-beýläk gezmeläp, daşgyn gutarýança güýmendim-de, ýaňadan depä çykdym. Oňa deňiç gaýtgyn başlandygy sebäpli, men araky akymy şol öňki bolşy ýaly äşgär gördüm, ýöne ol bu wagt kenaryň ýarym mil çemesi uzagyndan geçýärdi. Asyl görüp otursam, bu akym adanyň edil alkymyndan geçýändigi sebäpli, araky galagoplukda meni gaýygym-ýenäm bilen bilelikde akdyryp, ummadan çykaran borly. Başgarak wagt bolanlygynda, edil beýle boljagam däl eken.

Men täze açyşym arkaly, diňe daşgyn bilen gaýtgynyň başlaýan wagtyna gözegçilik etmek bilen, indi öz gaýygymy adanyň bu tarapyna emgenmän getirip biljekdigime göz ýetirdim. Şeýle-de bolsa, bu meýlimi iş ýüzüne geçirmegi ýaňy bir kellämde aýlap ugran pillämde, birdenkä ozal başyma düşen howp hakydama geldi-de, edil ýylan gysymlan ýaly bolup, on iki synamyň bary birden gowşady. Şondan soň bu meseläni öwrüp-çöwürmäge ýüregim takat edip bilmedi. Emma, munuň tersine, has kösençli, ýöne has howpsuz başga bir ýol saýlap aldym. Meniň täze tapan çykalgam — ýene-de bir gaýyk ýa-da taýmyl ýasanyp, adanyň her tarapynda bir gaýyk saklamakdan ybaratdy.

Eýýäm bilşiňiz ýaly, meniň adada iki sany mülk ýerim bardy. Olaryň biri gaýanyň aşagynda ýerleşýän, tör tarapy gowakly, daşyna haýat aýlanan, çaklaňja berkitmämdi. Men bu wagta çenli ony bir-birine sepleşýän birnäçe otag, has dogrusy, gowak görnüşinde düýplügine bakan gazyp giňeldipdim. Şol otaglaryň birinde, ýagny, arka tarapynda, haýatyň gaýa bilen birleşýän ýerinden berkitmäniň daş ýüzüne ötelgesi bolan iň giňiş we gury otagda öň gürrüň beren ullakan toýun gaplarymdan we her birine ep-esli däne sygýan on dört-on bäş sany çuň sebetden ýaňa aýak basmaga ýer ýokdy. Men olarda azyk-owkatlary, ylaýta-da, baldagy bilen orlup goýlan sümmülleri we el bilen owlup, köwzelen arpadyr şalyny saklaýardym.

Birwagtlar diwaryň daş ýüzüne iki hatar edip, ýere kakyp çykan ýaşajyk pürslerim düýp tutup, şu çaka çenli şeýlebir ösüp, şaha ýaýradypdyr welin, asyl, olaryň

arkasynda giden bir howly bardygyny, adam ýaşaýandygyny kesesinden seredip aňar ýaly däldi.

Şol mesgenimiň golaýjygynda, ýöne adanyň biraz jümmüşinde ýerleşýän düzlük ýerde wagtly-wagtynda topragyny işläp-bejerip, däne sepýän iki sany atyzym bardy. Olar orak möwsüminde bol hasyl berýärdi. Bardy-geldi, has köp däne zerurlygy ýüze çykaýanda ulanar ýaly, şol atyzlaryňkyça mes toprakly, ýanaşyk ýerler hem bardy.

Meniň ikinji mülküm — jülgedäki telärli howlymdy, o taýda-da bolşuna görä, ekinçiligim bardy. Ilkibaşda bu ýerde kiçijik telär gurnupdym, onuň bar zadyny ýerbe-ýer saklaýardym, has dogrusy, onuň daşyny gallap oturan ýaşyl aýmançanyň çybyjaklaryny gaty bir ösdürmän, çyrpyp durýardym, merduwanjygy bolsa hemişe howlynyň iç ýüzüne söýäp goýýardym. Aýmançanyň, başda inçejik bolsa-da, indi juda ösüp, syrdam şaha ýaýradan agaçlaryny mydama pudarlap saklaýardym, olar bolsa has-da ers-mers bolup, durdugyça gürelip, tüýs meniň isleýşim ýaly, jana ýakymly kölege salýardy. Aýmançanyň ortarasynda bolsa, ýere kakylan mäkäm gazyklar bilen göwnejaý berkidilen ýelken çadyrym bardy, ony henize deňiç abatlamak ýa-da täzelemek zerurlygy bolmady. Çadyryň içinde awlan haýwanlarymyň derilerinden we başga her tüýsli mymyjak zatlardan ýasalan seki bardy, onuň üstüne gämiden galan ýorgan-düşekleriň arasyndan tapan düşekçämi atypdym. Ýorgana derek bolsa uzyn deňizçi şinelimi ulanýardym. Men uly öýümde içim gysan çagy, ynha, şu telärli howlyma ýatymlaýyn gezelenje gaýdyberýärdim.

Bu mülkhanamyň gapdalynda geçilerim üçin salan agyllarym bardy. Olaryň daşyna germew aýlap çykmak üçin bijaý köp zähmet çekmeli bolupdym. Geçiler aýmançany böwsüp gaçaýmasyn diýen gorky bilen, men şeýlebir ünjä galýardym welin, edil iňňäniň üstünde oturan ýaly, iş edinip, tä tutuş aýmançanyň daş ýüzüne goltuk-goltuk ölje gazyklary sünjüp çykýançam, ýüregim karar tapmady. Men olary bir-birine şeýlebir ýakyn edip dürtüşdirdim welin, olaryň arasynda eliňi sokar ýaly hem boş ýer galmady. Nobatdaky ýagyşly möwsümde ol gökje gazyklaryň hemmesi kök urup, şeýlebir pyntyklap, ýapraklap ösdi welin, asyl ýöne, agylyň aýmançasy häzir iň bir mizemez diwara-da gaýra dur diýdirip biljekdi.

Şu gürrüň beren zatlarym meniň bikär ýatmandygymy, elpe-şelpe ýaşamagym üçin derwaýys bolup görünýän islendik işi ýerine ýetirmek üçin janymy aýaman, zähmet çekendigimi görkezmäge ýeterlikdir. Sebäbi, men şu adada ýaşadygymsaýy, hamana, bu ýaşaýyş ýene kyrk ýyl dowam etjek ýaly, elastymda ownuk mal saklap, gözli çeşme kimin täze et-süýt diýermiň, mesgedir peýnir diýermiň — iýjegimiň-içjegimiň aladasyny edýärdim. Hut şonuň üçin-de, ol janawarlary el aýtymynda saklamagyň ýeke-täk usuly, olaryň oňa-muňa tazygyp gitmeginiň öňüni alýan aýmançany biçak jebis edip gurmakdan ybaratdy. Men bu usuly diýseň jaýdar ulanypdyryn, çünki hälki düýp tutup, ösüp başlan gazyjaklary şeýlebir ýygjam ekipdirin welin, olaryň käbirini sogrup aýyrmaga mejbur boldum.

Telärli howlymyň beýle ýanynda giden üzüm baglary ösüp otyrdy. Aşhanamdaky iň bir naýbaşy we iň ýakymly iýmit bolan gyşlyk kişmişimi taýýarlamak üçin hemişe şol baglardaky üzüm hoşalaryny usullyk bilen ýygyp, Güne serip guradýardym.

Hakykatdan-da, kişmiş diňe bir süýji däl-de, eýsem, jana tenekar, şypaly, ýokumly iýmitdi.

Bu ýer meniň esasy öýüm bilen gaýygymy goýup gaýdan duralgajygymyň orta gürpünde ýerleşýärdi, şonuň üçin-de, ýygy-ýygydan gaýygymy görmäge gidenimde, ýolugra şu telärli howlymda gije düşläp geçýärdim. Gaýygyma dahylly ähli närseleri jaýba-jaý tertipläp saklaýardym. Käýarymlar göwün hoşlamak maksady bilen, gaýykly gezelenje çykaýmam bardy, ýöne sähelçe bir akymdan, şemaldan ýa bolmasa, başga bir ahmalçylykdan ätiýaç edip, hamana diýersiň, akyp umma gidiberjek ýaly, gorkudan ýaňa ýüregim agzyma gelýärdi. Şonuň üçinem howply ýüzüşlere çykmakdan ellibizar geçen, kenardan ses ýetim aralykdan kän uzaklaşmaýardym.

Şol günlerde men indi öz ömrümiň täze bir sahnasynyň açylýandygyna şaýat boldum. Bir gün günortan çagy deňziň gyrasy bilen gaýygyma bakan barýarkam, birdenkä, çägäniň ýüzünde adam dabanynyň mese-mälim bildirip duran yzyna gözüm düşüp, allaniçigsi boldum. Men edil ýyldyrym uran ýa-da arwah-jyn gören ýaly, duranja ýerimde doňup galdym. Men diňşirgenip, daş-töweregime äňetdim, ýöne ne-hä bir ses eşitdim, ne-de bir gymyldy gözüme ildi. Men dumly-duşy birlaý synlamak üçin ýüwrüp, gapdaldaky depejige çykdym; soňra ýene aşak düşüp, kenarda bir eýläk-bir beýläk gezmeledim, haýran galaýmaly — hiç ýerde yns-jyns ýokdy. Şol ýekeje yzdan başga aýak yzy görünmeýärdi. Men gözüme görünýän bolaýmasyn diýip, ýaňadan şol aýak yzynyň ýanyna baryp çiňerildim. Allajanlarym, munuň beýle bolaýşyny, bu hakyt aýakdan galan yz ahyryn — ine, barmaklary, ökjesi, tutuş dabany. Beh, bu ýere nädip aýak yzy düşüp ýörkä? Bu asyl, ýedi uklamda düýşüme girjek zat däldi. Men kellämde köwsarlaýan set-müň oý-pikirden ýaňa näme edip-näme goýýanymy bilmän, bir gez howada ýöreýän ýaly bolup, berkitmeli öýüme bakan dolandym. Ýolda gelýärkäm, ylla, tazy gören towşan ýaly, çem gelen gyrymsy agajy, daragty, ýa bolmasa, uzagrakda somalyp duran töňňäni adamdyr öýdüp, her iküç ädimden ýeňsäme garanjaklaýardym. Tüweleýläp duran hyýalymda her tüýsli was-waslaryň neneňsi üýtgeşik sypatlarda janlanýandygyny, her bir pursatda gözümiň öňünde nähili elhenç pikirleriň ör-boýuna galýandygyny we kelläme nätüýsli geň-enaýy, düşnüksiz hokgalaryň gelýändigini söz bilen düşündirmek mümkin däl.

Men galajygyma ýeten badyma (ýalňyşmaýan bolsam, men şol günden başlap, öz öýümi şeýle atlandyryp ugradym), ýeňsämden ýagy gelýän ýaly, içerik kürsäp urdum. Hemişeki endigime görä, merduwana dyrmaşyp geçdimmi, ýa gaýanyň böwründäki gapy diýip atlandyrýan sümelgämden ötdümmi, garaz, ýadyma düşenok. Ol ertesi gün irdenem ýadyma düşmedi, sebäbi meniň alabasga düşüp, öz tünegime zybyrdap girişim ýaly, öňde-soňda ne-hä towşan öz hinine okdurylandyr, ne-de tilki öz sürenine şeýdip kürsäp urandyr.

Tä daň atyp, jahan ýagtylýança çirim etmän, uzynly gijäni ukusyz geçirdim; ýüregime dowul salan wakadan daşlaşdygymça, şonça-da peşeden pil döräp, howsalam artýardy. Bu ýagdaý, hatda gorky duýgularynyň ýüze çykmalaryna hem ters gelýän ýalydy. Aýak yzynyň eýesi baradaky eýmenç pikirler meni şeýlebir hopukdyrýardy welin, şol kenardan allowarrada, ygtybarly ýerde oturan-da bolsam,

aňymda bir-birinden elhenç mysallar at salýardy. Birden-birden: «Ol melgun bolaýmasyn» diýip göwnüme gelýärdi, paýhasym hem şu çaklama bilen ylalaşýardy: adam sypatyna giren melgundan başga kim bu jelegaýa gelip biler? Gelenler adam bolsa, hany, olary getiren gämi nirä gürüm-jürüm bolupdyr? Näme üçin başga aýak yzynyň alamatlary ýok? Bu ýere adamlaryň gelmegi mümkinmikä beri? Ýöne başga bir tarapdan seredeniňde welin, bar, melgun adam sypatyna girendir diýeniňde-de, meniň görjegim-görmejegim gümana bir ýerde, onuň beýdip aýak yz galdyran bolup ýörmegem-ä, birhili, gülkünç görünýär. Dogrudanam, eger melgun ikibaşdan meni gorkuzmagyň hyýalyna münen bolsady, onda ol şu çaka deňiç ýeke aýak yz galdyryp ýörmän, müň dürli al salyp, gözümi-başymy aýlamazmydy? Ýedi derýanyň suwuny içen myrryh bu adanyň beýleki tarapynda, meniň görenimden görmezim on müň esse ýakyn ýer-de, onda-da sähel ýel tursa, deňziň ilkinji tolkunynda ýuwlup gitjek çägäniň ýüzünde aýak yzyny galdyrar ýaly, beýle ýeňilkelle däldir-ä. Bu wakanyň bir gapma-garşylyg-a bar, ol, asyl, şeýtanyň mekirligi barada göz öňüne getirýän adaty pikirlerimize-de bap gelenok.

Başga-da şu zeýilli tutaryklar köpeliberensoň, meniň şeýtan baradaky şübhelerim el bilen syrylan ýaly dagap gitdi — ol aýak yzy, ähtimal, şeýtandan has howply bir äteňede degişli bolmaly. Megerem, adanyň gabat garşysyndaky gury ýer böleginde ýaşaýan wagşy adamlaryň bir kowçumy gaýyklary bilen deňze çykandyr-da, soňam akymyň ýa-da garşydaş şemalyň ýelginine azaşyp, şu ada gelip düşendir. Onsoň olar kenarda birmeýdan timisgenendir-de, belkem, meniň olara sataşmakdan gorkuşymdan bäş esse beter, bu çola adada galmakdan heder edip, ýaňadan ýüzüp owarrasyna gidendirler.

Şu hili pikirleri aňymda aýlap oturşyma, ol bedä-hetler gelen pillesi şol golaý-goltumda bolmandygyma, olaryň meniň gaýygymy görmändigine öz içimden, baý, begenmek begendim-ä. Şeýle bolanlygynda, ol päliýamanlar bu ýerde adam-garanyň ýaşaýandygyny bilip, gözlegime çykmakdanam gaýtmazdy. Şol wagt: «Birdenkä, olar gaýygymyň üstünden baryp, bu ýerde adam ýaşaýandygyny bi-len bolaýmasynlar» diýip, beterinden-beter pikirler hyýalyma hüjüm etdi. Eý, toba, eger şeýle bolaýsa, onda adamhorlar ýamaşgan sürreneklenişip gelerler-de, meni iýerler; eger saý-sebäp bilen, gizlenip sypmagy başaraýanymda-da, barybir, olar ysyrganyşyp, meniň agylymy taparlar, ähli ekin-dikinimi torç edip, eldeki geçilerimi lägirdip, sürüp äkiderler. Onsoň, aýaklaryňy uzyn salyp, açlygyňdan syryljada, ajalyňa garaşyber.

Şunlukda, gorkym ähli umydymy hem-de Biribaryň keremli ýalkawyndan dörän ajaýyp duýgularyma esaslanýan ozalky ylahy bil baglamamy puja çykardy; ylla diýersiň, şu çaka çenli, öz gudraty bilen meni naz-nygmatlaryň içinde bolelin ýaýnadyp ýaşadan ylahy-erada indi maňa medet bermekden ýüz öwräýen ýaly bolup göwnüme gelýärdi. Men ýaltalyk edip, hamana, nobatdaky hasyly ýygnamaga päsgel berip biljek islendik bir waka ýüze çykmajak ýaly, diňe indiki hasyl möwsümine çenli ýeterlik arpadyr şaly ekendigim üçin öz-özümi ýepbekledim. Bu ýagdaýy özüme sapak edinip, indiki ekişde iküç ýyl iýmäge ýeterlik dänäni öňünden ekip

goýmagy pugta ýüregime düwdüm. Onsoň, nähili betbagtçylyk bolaýanda-da, men açlykdan ölüp gitjek däldim.
Adamyň ömri Biribaryň nähili geň-töwra oýnagy diýsene! Agyp-dönýän hadysalaryň gujagynda adamzat oglunyň duýgulary, gör, nähili pynhan çeşmelerden şaglap gaýdýar! Şu gün söýýänimizi erte ýigrenýäris; şu gün yşkyna düşüp, ugrunda sersepil bolýan närsämizden erte gaçyp sypsak kaýyl bolýarys; şu günki süýji arzuwmyzdan erteki gün gorkujygymyza, zährämiz ýarylara gelip, syçanyň hini müň tylla dönýär! Ine, bu gezek men şol gylyk-häsiýetiň janly nusgasyna öwrüldim, çünki mundan ozal, meniň esasy gaýgy-gussam — adamzat jemgyýetinden üzňe, çar tarapym aňyrsyna-bärsine göz ýetmez umman bilen gurşalyp, janly-jemendä nazarym düşmän, imisala durmuşda bendi bolup ýaşamakdy. Biribar meni aýatdaky gullarynyň içinde il sanyna goşulyp ýaşamaga, beýleki janly-jandarlarynyň arasynda gezip ýörmäge mynasyp görmedik bolarly. Şol sebäpli hem, men ýekeje adam ogluna ýüzüm düşse, onda ol meniň ölümden dirilige dolanyşym, hatda Allanyň çäksiz rehim-şepagaty bilen biçak ýalkanyşym bolar öýdüp, arzuwlar kölünde gulaçlap ýüzýärdim. Indi bolsa, adama duşarmykam öýdüp, saňňyldap, janym bokurdagyma gelýärdi, şu ada gadam basan adamyň sähelçe kölegesine ýa-da aýak yzyna gözüm düşdügi, ýedi gat ýeriň teýine girmäge taýýardym.
Adam durmuşynyň birsyhly üýtgäp durmasy şeýle bolguç bolýar; başky aljyraňňylykdan az-kem aýňalanymdan soň, bu ýagdaý meni örän köpsanly sowallara gönükdirdi. Men Beýik Biribaryň bimöçber hikmetini, şu bolup geçýän işlerde şol Ylahy hikmetiň haýsy netijelere syrygýandygyny öňünden bilmegimiň mümkin däldigi barada oýlandym. Diýmek, men Ýaradanyň eradasyna garşy aýak diräp durmaly däldim, meni owalbaşdan özi ýaradandygy üçin, Onuň öz hikmetine görä maňa doly höküm we ygtyýar etmäge şübhesiz haky bardy. Mülkünde baş-başdaklyk edendigim sebäpli, Biribaryň meni öz hikmetine görä, islendik bir güzaba sezewar etmegi hakdy. Men bolsam, eden etmişlerim zerarly, Allanyň huzurynda Onuň gazabyna kaýyl bolmalydym. Soňra men Biribaryň diňe bir adalatly däl-de, eýsem, barça zada hökümi ýöreýän Kadyrdygy barada, maňa temmi berip uwlundyryşy ýaly, eger islese, ýalkap hem biljekdigi hakynda pikirlendim. Eger Perwerdigär meni ýalkanmaga mynasyp görmese, onda meniň gyşarnyksyz borjum, Onuň eradasyna bütin durkum bilen tabyn bolmakdan ybaratdy. Beýleki bir tarapdan bolsa, Ondan umydymy üzmän, Oňa ybadat etmegim hem-de Onuň gündelik buýruklaryny we emrlerini göwün rahatlygy bilen ýerine ýetirmegim hem meniň üçin parzdy.
Şol günden soň şu zeýilli oý-pikirlerim sagatlarça, günlerçe, hatda hepdelerçe we aýlarça dowam etdi; ýeri gelende, bu ahwalat hakyndaky ýorgutlarymyň ýüze çykaran bir üýtgeşik netijesini aýdyp bereýin. Günlerde bir gün, daňdanyň ümüş-tamyşlygynda ýorgandan kellämi çykaryp ýatyşyma, wagşylar gara beräýse başymdan injek howp dogrusynda oýlanyp, bar keýpime sogan dograldy. Şol barmana, ylahy kitapdaky: «Dertli günüňde Maňa sygyn, Men seni halas ederin, sen bolsa Maňa alkyş okap, şükür edersiň» diýen aýat güpbe ýadyma düşdi. Men muňa gül-gül açylyp, ýorganymdan sogrulyp çykdym, meniň diňe bir ýüregim ýerine gelmän, eýsem, özü-mi halas etmegini diläp, tüýs ýüregimden, yhlas bilen Ýaradana

ýalbaryp, mynajat etmäge-de ragbat tapdym. Men dileglerimi soňlap, keramatly kitaby elime aldym-da, ony açan ýerimde ilkinji duş gelen aýaty okadym: «Ýaradanyň gullugynda gaýym bol, ýagşy umytdan el üzme, Men seniň köňlüňe giňlik bererin. Hakyň dergähinden zynhar daşlaşma». Şol sözleriň göwnümi nähili galkyndyrandygyny düşündirmek mümkin däl. Men şükranalyk duýgusyndan pürepürlenip, kitaby bir gapdala goýdum. Süňňüm ýeňläpdi, indi aýak yzly wakany ünji etmeýärdim.

Şol pikirleriň, gorkularyň we ünji-aladalaryň alas-gopaslygynda, birdenkä: «Bu zatlaryň ählisi öz hyýalbentligimden bolaýmasyn diýen pikir kelläme geldi. — Belki, ol aýak yzy meniň özümiňkidir, soňky gezek gaýykdan düşüp, kenara çykanymda galandyr» diýip içimi gepletdim. Meniň ýüregim giňedi we gözüme salgym görnendigine, onuň öz aýak yzymdan başga hiç zat bolup bilmejekdigine ynanyp ugradym. Şu sapar gaýygy görmäge baranymda, ýörän ugrumdan öňki gezegem öýe gaýdyşyn geçen bolsam, näbilýäň? Hakykatdan-da, gaýygyň ýanyna baranymda, nirä aýak basyp-nirä basmandygymy çürt-kesik aýdyp biljek däldim. Öňi-soňy, şol aýak yz-a özümiňkidir. Diýmek, men misli al-arwahlary görendigi barada hekaýat toslap, soňundanam, ilden beter özi gorkup ýören ýelýürekler ýaly jögüsirän bolmaly.

Şondan soň meniň az-kem ýüregim suwlanyp, ogrynça daşaryk esewan etmäge başladym, sebäbi üç gije-gündizläp galajykdan kellämi çykarmaga het edip bilmändim. Açlykdan ýaňa halys gözüm gögerip, eňkim agypdy; öýümde iküç sany arpa çöregi bilen suwdan başga suwytly azyk ýokdy. Her gün agşamky endigime görä, geçileri sagmalydygymy hem bilip durdum, ýelinleri dyňzap duran ol janawarlar sagymdan mahrum bolup, juda kösenendirler. Dogrudan-da, olaryň käbiri eýýäm sagymdan galyp, süýdi çekiliberen eken. Şol sebäpli, dogrusy, öz kölegämden tisginip duran hem bolsam, aýak yzynyň diňe meniňki bolup biljekdigine pugta ynanyp, az-kem ekezlendim-de, howlymdan girip-çykmaga başladym. Sürini sagmak üçin telärli howlyma ugradym. Ýöne gorkujygyma pişik basyşyny edip, şeýlebir hüşgärlik bilen zol-zol yzyma garanjaklaýardym welin, islendik pursatda sebediýenäni başymdan aýlap, ökjäni götermäge taýýar bolup barýardym. Bu bolşumy kesesinden synlan adam hökman meni ýa-ha bir pyssy-pyjurlyk edendirin ýa-da dek ýaňyja tokaý jynlaryna sataşandyryn öýderdi. Aslynda, munuň özi hakykatdy. Herniçik-de bolsa, men birnäçe gün şeýdip gatnanymdan soň, üýtgeşik bir zada gözüm kaklyşman, birneme arkaýynlaşdym we bu geň ahwalatyň öz hamhyýalymdygyna has-da ynanmaga başladym. Eger deňziň ýakasyna ýaňadan gidip, aýak yzyny öz aýagyma deňäp, olaryň ediljek ekiz taýydygyny hut öz gözüm bilen göräýsem dagyn, onda göwnümdäki iňkis duman syrylan ýaly boljakdy. Emma welin, ol ýere baran mahalym, men gaýykdan düşüp gaýdanymda şol aýak yzynyň duran ýerinden asla ýöremändigime äşgär göz ýetirdim. Üstesine-de, öz aýagymy aýak yzy bilen deňeşdirenimde, aýagymyň ondan ep-esli kiçidigini gördüm. Bu iki ýagdaý meniň kellämi täze howsalalardan doldurdy we biçak sussum basylyp, hezilim gaçdy. Endamymy şagga der basyp, edil ysytma tutan ýaly, galpyldap ugradym. Öýe tarap germeçläp ýola düşenimde, adajygyma bir topar, iň bolmanda, bir adamyň gelip düşendigine eýýäm ynanýardym. Gepiň kelte ýeri, men piliň gulagynda uklap

ýörüpdirin — asyl, adada menden başga-da adam-gara ýaşaýan bolsa nätjek. Indi ahmal bolup, gapyl galmajak bolmaly, ýöne goranmak üçin, näme edip, näme goýjagyňy welin, biler dagy eder ýaly däl.

Päheýde welin, adam görgüli ýüregine dowul düşende, gör, nähili gülkünç netijelere geler eken! Howsala ony pähim-paýhasyň halas bolmak üçin salgy berýän ugur-ýollaryny ulanmakdan mahrum edýän eken. Ine, aýdyşym ýaly, meniň kelläme ilki gelen hyýal — ýabany adamlar agyllarymyň üstünden baryp, sürä darap, bu ýerik ýol ýasaýmasyn diýen ätiýaç bilen, agyllarymy ýykan-ýumran edäge-de, ähli öýdeçi geçilerimi jeňňeliň içine kowup goýbermek boldy. Ondan başga-da, arpadyr şalydan agyzlary tagam tapan ýalmawuzlar zol-zol gatnap durmasynlar diýip, ekin ekýän atyzlarymy köwüşdirip, bozup çykmakçy hem boldum. Bu taýda öý-öwzar bardygyny görüp, öz ugruma çykarlar diýen howatyr bilen, tokaýdaky telärli howlymy içindäki çadyry-zady bilen bilelikde ýerinde ýumurtga togalaýmaly etmäge-de hyýallandym.

Şu oý-pikirler, aslynda, kenardan öýe dolanyp gelen ilkinji gijämde hem kellämde bardy; şol sapar aňymy agdar-düňder eden howsalaly gorkularym entek täzedi we meni müň dürli hyýala salýardy. Şeýlelikde, haýsydyr bir howpa uçramakdan gorkmak — göze dürtülip duran howpdan gorkanyňdan on müň esse beter bolup, haýsydyr bir näbelli howpdan howatyr etmegiň salýan agramy şol howatyry döredýän howpuň öz agramyndan has çökder bolar ekeni. Iň ýaman ýeri hem, ylahy dergähden umydygär bolup, özümi Biribara tabşyrmak pikiri indi ýüregime teselli bermeýärdi. Men özümi diňe bir palestinalylaryň azar ýamanyny berýänliginden däl-de, eýsem, Ýaradanyň özünden ýüz öwrendiginden zeýrenip nalaýan Saul patyşa ýaly duýýardym, çünki bu gezek, öňler edişim ýaly, meni penalap, halas etmegi üçin Hudaýy çagyrmandym, Onuň beýikligine sygnyp, kalbyma ynjalyk berjek täre ýüz urmandym; ýöne şeýden bolsadym, iň bolmanda, şu täze, howply açyşyma mertlerçe döz gelip, belkem, has aýgytlylyk bilen ondan baş alyp çykardym.

Men pikir ummanyna gark bolup oturyşyma, uzakly gije çirim etmän, daň atmazynyň öňüsyrasy uka gidipdirin. Halys akylym çaşyp, melullyk basmarlanyndanmy-nämemi, garaz, sarsman ýatypdyryn. Ukudan oýananymda, öňkülerimden has şähdaçykdym. Indi men alňasaman, parahat pikirlenip ugradym we öz göwnüme geňeşdim-de, yklymyň alkymynda ýerleşip, bahar ysy bark urýan, dürli-dürli ir-iýmiş bitip, çeşme-çaýlar şarlaşyp ýatan bu uçursyz owadan ada meniň göz öňüne getirişim ýaly, bütinleý adam-garasyz bolup bilmez diýen netijä geldim. Hakykatdan-da, bu ýerde oturymly ýaşaýjy ýogam bolsa, yklym tarapdan her tüýsli gaýyklaryň kä ýörite bir etsem-petsem bilen, käte garşydan öwüsýän ýeliň ugruna düşüp, belkem, zoraýakdan şu adajykda duralga tapýan bolmagy ähtimaldy. Indi adada on bäş ýyldan bäri ýaşap ýörende bolsam, hiç hili adam yzyna gözüm kaklyşmandy. Şondan çen urup görseň-ä, megerem, şol döwrüň içinde, setanda-seýranda, äwüp-säwüp bu ýere adam-garanyň aýagy düşenem bolsa, onda olar bu adada öý-öwzar gurup, ornaşmaga mümkinçilik ýokdugyny aňlap, dessine yzlaryna gitmek bilen bolandyrlar. Yklymda ýaşaýan ýabanylar kämahallar ygyp-sagyp, gaý-tupana sataşyp, nalaç şu ada gelip düşýän bolmaly. Olaryň käýarym gaýtgyn başlaýança ýa-da jahan ýagtylýança

garaşmak üçin, aňry gitse bir gije-ýarym gije düşleýän bolmaklary ahmal. Ana, şo pille gelmişek ýabanylaryň üstünden bardygyň, Hudaý tutdugy boljakdy. Indi men ol peläketleriň gury ýere gelip düşen wagty gaçyp gizlener ýaly, gizlin gaçybatalga tapmagyň aladasyny etmelidim.

Şondan soň men gowagy çendenaşa köwüp, berkitmäniň gaýa sepleşýän ýeriniň daş ýüzünden gapy açanyma bijaý ökünip başladym. Men mazaly ölçerip-dökdüm-de, başda gürrüň berşim ýaly, on iki ýyl töweregi mundan ozal diwaryň daş ýüzüne iki hatar agaç eken ýerimden ýarym aýlaw görnüşinde ikinji bir berkitme diwaryny gurmagy ýüregime düwdüm. Agaç nahallaryny juda gür oturdan ekenim. Men olaryň gowuzrak ýerlerine sütün kakyşdyryp çykdym welin, ine, görsem, ol has ýygjam we berk haýada öwrüldi duruberdi. Ana, şeýdibem, ikinji diwary kän bir emgenmän taýýarlap dyndym. Şeýlelikde, indi öýümiň daşyny iki sany diwar goraýardy, daşarky diwary bölek pürsler, köne-sana urganlar we çemeliräk gören islendik akyr-ukurym bilen jebis berkitdim we giňligini gol sygaýar ýaly edip, ýedi sany kiçijik gözara goýdum. Diwaryň içerki düýbüne gowakdan gum baryny çekip beýgeltdim-de, üstünden ýöräp, basgylap, ykjam demrikdirdim. Şol ikarada gämiden alyp gaýdan ýedi sany muşketim ýadyma düşüp, olary gözaralara ýerleşdirip çykmagyň hyýalyna mündüm. Men muşketleriň her birini aýratyn paýandalara berkidişdirip, misli top düzen ýaly hatarlap goýdum. Indi meniň iki minutyň içinde yzly-yzyna ýedi sany muşketden ot sowrup biljek atyşhanam bardy. Şu ikinji diwar doly taýyn bolýança, tutuş bir aýlap ölerimi-galarymy bilmän zähmet çekdim. Şoňa deňiç özümi birsyhly howp astynda duýýardym.

Diwarly meseläni birýaňalyk edenimden soň, onuň daş ýüzündäki örän giň meýdançada şol öňki söwüde çalymdaş, gowy düýp tutup, derrew ýapraklaýan agajyň syrdambitin pürslerinden oturdyp, has dogrusy, kakyp çykdym. Olaryň sany ýigrimi müň düýbe dagyn baryp ýetdimikä diýýän. Özi-de, duşmanlar daşky diwara hüjüm edäýse, olaryň ýaşajyk agaçlary penalanyp gizlenmezligi hem-de meniň olary elimiň aýasyndaky ýaly synlap bilmegim üçin, diwaryň göni daş tarapyndaky giň zolagy alaň-açyk edip goýdum.

Şeýlelikde, iki ýylyň içinde öýümiň öňünde kiçeňräk jeňňel peýda boldy, ýene bäş-alty ýyldan biçak gür ekilen ol agaçlar ok ursaň geçmejek sümme tokaýlyga öwrüldi. Indi yns-jyns, hiç kim bu tokaýyň aňyrsynda öý, onda-da giden bir howly bardyr öýdüp, ýatsa-tursa güman hem etjek däldi. Tokaýjygyň içinden ötüp-geçmäge ýodajyk goýmandygym sebäpli, howlyma iki sany merduwan bilen girip çykýardym. Birinji merduwany gaýanyň somalyp çykyp duran pessejigräk bir gerşine söýäp, ýokaryk dyrmaşýardym-da, merduwany çekip, şo taýda goýýardym. Soňra ikinji merduwandan howlynyň öň ýanyna düşýärdim. Merduwanlaryň ikisinem aýryp goýan wagtym, elini-aýagyny döwdürmän meniň töweregimden inip biljek adam ýokdy. Bardy-geldi bir gäbi azan gaýanyň gerşinden aşyp geçäýende-de, ol, barybir, daşarky diwaryň daş ýüzüne gelip düşjekdi.

Şeýlelik bilen, men janymy howp-hatardan goramak üçin adamzat pähiminiň salgy berýän ähli çärelerini amala aşyrdym. Şo wagtlar men diňe öz ýanymdan alabasga

düşüp, şoňa görä hereket edende bolsam, şol howpsuzlyk çäreleriniň biderek bolmandygyna hekaýatymyň dowamynda siziň özüňiz hem magat göz ýetirersiňiz.

## XII bap

Men gorag desgalaryny gurmak bilen meşgullanýan döwrümde beýleki işlerimi hem gözden salmaýardym. Çaklaňja geçi sürim hakynda çäksiz aladalanýardym, sebäbi olar islän wagtym elýeterli geýim-gejim hem-de azyk çeşmesi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, meni ýabany geçileriň yzynda seňkildäp ýadamakdan-da halas edýärdi. Şonuň üçin bujagaz sürimden el ýuwup, ýaňadan öýdeçi geçi ýetişdirmek maňa juda kyn düşjekdi.

Hut şol maksat bilen, akylly-başly oýlandym we geçilerimi başybitin saklamak üçin diňe iki sany çykalganyň bardygyna göz ýetirdim. Birinji çykalga, çemelije bir künjek tapaga-da, ýerasty gowak — körpeç gazyp, her gije geçileri şoňa salyp goýmakdy, ikinjisi bolsa, mümkingadar gizlinjek, bir-birinden üzňe ýerlerde iküç sany aýratyn agyljyk salyp, hersine bäş-alty sany ýaşajyk çebişdir owlagy gabap goýmakdy. Şonda eger bir betbagtçylyk sebäpli esasy sürim tutuşlygyna gyrlaýanda-da, agyljyklardaky owlaklardan sähel wagtyň içinde täze süri köpeldip ýetişdirmek maňa o diýen kyn boljak däldi. Şonuň üçin irginsiz zähmet hem-de idi-yssuwat talap edýändigine seretmezden, men şu gelen netijäme iň oýlanyşykly pikir hökmünde garadym.

Şol çözgüde laýyklykda, men adanyň iň bir gözden çeträk künjeklerini agtarmaga başladym we ahyrsoňy tüýs göwnümdäki ýaly bir çolaja ýeriň üstünden bardym. Bu ýer, öň aýdyp berşim ýaly, birwagtlar adanyň gündogar tarapyndan öýe dolanjak bolan gezegim ýolumy ýitirip, azaşan gür tokaýlygymyň jümmüşinde ýerleşýärdi. Üç akr töweregi meýdany tutup ýatan bu çygly meýdançanyň daş-töweregini gabsap oturan belentli-pesli agaçlar misli tebigy aýmança ýaly bolup durdy. Herniçik-de bolsa, haýat aýlamak üçin öňki agyldaky ýaly gijesi-gündizi garzynmak zerurlygy ýokdy.

Haýal etmän işe girişdim we bir aýa ýetip-ýetmän tebigy aýmançany birkemsiz haýata öwrüp, täze agyly taýýarladym. Indi öňki agyldan geçileri sürüp getiribermelidi, ýöne gepem, ana, şondady — o zaluwatlar agyldan çykdygy, jaýtarylyp, daga bakan ýazzyny beräýse, ber onsoň habaryňy! Emma bar zat gül ýaly boldy, ozalky sarç geçilerden bäri ençeme nesil çalşansoň, indikiler ýuwaşapdyrlar. Men muňa begenip, derrew süriniň içine girdim-de, on sany geçi bilen iki sany serkäni bir çete aýryp, täze agyla bakan sürdüm. Men olary agyla goýberdim-de, kemi-kösti galmasyn diýip, aýmançany ýaňadan birlaý elden geçirmegiň ugruna çykdym. Alňasaman, öz maýdalyma işläp, ýene birnäçe güni şol iş bilen meşgullanyp geçirdim.

Men adam aýagynyň ýekeje yzy sebäpli, peşeden pil ýasap, şu giden kösençliklere, hupbatlara döz gelip ýördüm; aslynda welin, henize çenli adada hiç hili janly-jemendä gözüm düşenok. Indi iki ýyldan bäri edil it ýassanan ýaly, salym suw üstündedi, ozalky ynjalygym ýokdy. Iňňäň üstünde oturan dek, hemişe biriniň bet

niýetinden gorkup ýören adamlar meniň bu ýagdaýymy has takyk göz öňüne getirip biler. Gorky zerarly ýüze çykan galagopluk, gynansam-da, meniň din-ygtykat baradaky pikirlerime ýaramaz täsir etdi, sebäbi wagşylardyr adamhorlaryň eline düşmek gorkusy ruhumy dyngysyz elendirip, elmydama gorkuda bolamsoň, Ýaradanyň öňünde kaýyllyk bilen tagzym edip, el açmaga kän bir maý tapyp bilmeýärdim. Dumly-duşum howp-hatar bilen gurşalan dek, her gije: «Haçan ýabanylar üstümi basyp, ezenegimden süýrekläp, etimi çişe düzerlerkä» diýip, sähelçe çybşylda zöwwe ýerimden galyp, daňymy zordan atyryp ýörşüme, Biribaryň huzurynda ine-gana gol götermäge tagapyl edip bilmeýärdim. Şol döwürde men öz tejribämden bir zada anyk göz ýetirdim — aljyraňňylyga düşüp, gorkup däl-de, eýsem, parahat pikirlenip, kanagata, söýgüdir muhabbete ýugrulyp ybadat edeniň bir başga bolýan eken. Adam oglunyň abanyp gelýän bir betbagtçylygyň howatyry bilen Hudaýyň öňünde dileg-doga edişi, demini sanap ýatan bendäniň toba-tagsyryndan kän bir tapawutlanmaz ekeni, sebäbi bedeniň ysmaz bolşy ýaly, şol hili alas-gopaslyk akylyňy çaşyrýar. Akyl çaşgynlygy bolsa, bedeniň maýyp-müjrüpliginden has çökder bolýar. Ýaradan öňündäki ybadat borjuňy ýerine ýetirmek üçin, beden saglygyndan öňürti akyl sagdynlygy gerek ahyryn.

Ýeri, bor-la, indi hekaýamyza dolanyp geleliň. Kiçeňräk geçi sürüsini täze agyla göçürip dynamsoň, men tutuş adany aýlanyp, şoňa çalymdaş ýene-de bir bukuja ýeriň gözlegine çykdym. Şol günleriň birinde adanyň iň günbatar çetine gitdim. Öň bu ýere gelip görmändim. Onsoň, oňa-muňa esewan edip, peýwagtyna ýaýylyp ýatan gök deňzi birsellem synladym. Şol barmana, göwnüme bolmasa, alys gözýetimde gözüme bir gaýyk kaklyşan ýaly boldy. Men gämiden galan sandyklaryň birinden birki sany dürbi tapypdym, ýöne olar şol wagt ýanymda däldi. Onsoň ýaňky gözüme kaklyşan garaja nokady saýgarjak bolup, şunça çiňerilip seretsem-de, gaty uzakda bolandygy sebäpli, onuň gaýykdygyny-däldigini aýyl-saýyl edip bilmedim. Baýryň eňňidinden aşaklygyna düşdügimçe, ojagaz nokat gözden gaýyp bolup gitdi welin, men ony owarram etdim-de, indikile dürbimi alman, gezelenje çykmazlygy ýüregime düwdüm. Men, dogrudan-da, henize-bu güne deňiç şu jelegaýa aýak sekmändim. Onsoň adanyň çetindäki şol baýyrdan düşüp, kenara tarap ýöredim. Men kenara baryp, degre-daşyma göz gezdirdim we adada adam aýagynyň yzyna duşmagym, meniň pikir edişim ýaly, onçakly geň zat däldigine şobada düşündim. Indi görüp otursam, Biribar aýratyn garaşyk edip, meni adanyň wagşylaryň gelmeýän tarapyna düşüräýen eken. Ýogsam, men beýleki gury ýerde ýaşaýan ýabany adamlaryň uzagrak ýüzüşlere çykan mahallary, häli-şindi şu ýerdäki aýlagda düşläp, gaýyklaryny goýýandyklaryny bireýýäm bilerdim. Asyl, ol adamhor äteňetler bu taýda öz wagşy däp-dessurlaryny berjaý edýän bolsalar nätjek?!

Ýaňky aýdyşym ýaly, men baýyrdan düşüp, kenara ýeten badyma, haýran galmakdan ýaňa agzymy açyp, doňup galdym. Meniň inim düýrügip, depe saçym dim-dik boldy — kenardaky çägelikde çakyr kelleçanak diýermiň, el-aýak diýermiň, garaz, her dürli süňk-saňklar pytraşyp ýatyrdy. Hol beýleräkde ot ýakylýan ullakan bir çukur garalyp durdy. Ony halkalap, tegelek edip gazypdyrlar. Çaky, bu ýabany adamlar taýpa-taýpa bolarly. Olar birek-birek bilen söweşip, ýeňlen tarapdan ýesir düşenleri daňyp şu ýere

getirýän bolmaly. Soňra bolsa, şu çukurda labyrdadyp äpet ot ýakýandyrlar-da, ýesirleri öldürip, olaryň etinden şagal mesligini guraýandyrlar.
Gören zatlarymyň täsirinden saplanyp bilmän, agaç ýuwdan ýaly somalyp durşuma, birbada öz üstüme abanýan howp barada pikir etmändirin. Adamzat tebigatynyň näme sebäpli beýle aýylganç ownap, şunuň deýin birehim, ýowuz wagşylyga baryp ýetýändigi hakyndaky agyr oý-pikirleriň arasynda ähli gorkularym ýadymdan çykyp gidipdir. Şunuň ýaly wagşylyklar baradaky gep-gürrüňleri, myş-myşlary kän diňläpdim, ýöne ony hiç haçan öz gözlerim bilen görmändim. Men bu elhenç görnüşe uzak seredip bilmän, ýüzümi başga tarapa sowdum; ýüregim erbet bulanyp, essim aýyljak boldy, şonda aşgazanym biygtyýar ýygryldy-da, ögäp, gaýtardym. Men az-kem aýňaldym, ýöne bu ýerde mundan artyk eglenip biljek däldim. Onsoň, howul bela — sowul bela, men aýagaldygyna ylgap, dem salymda baýryň depesine baryp ýetdim we ondan aňyrlygyna — öýe bakan ýola düşdüm.
Men adanyň şol böleginden biraz daşlaşanymdan soň, birsellem aýak çekip, demimi dürsedim. Onsoň bütin durkum bilen kaýyllyga gurşalyp, ýüzümi asmana tutdum we gözümden boýur-boýur ýaş döküp, meni şu tetelli gözi gyzyl ýyrtyjylaryň arasynda däl-de, dünýäniň başga bir künjeginde ynsan şekilli ýaradandygy üçin Ýaradana hamdy-sena etdim. Häzirki mydarymy juda çökder görüp, şunça ýyllap eňräp gezen-de bolsam, keremi çäksiz Biribar meniň şükür etmegim üçin, şu oňňudymyň içinde, gör, nähili ýagşy nygmatlary gizläp goýan eken. Bularyň baryny bir ýaňa goýanyňda-da, ýowuz günlerimde Ýaradanyň barlygyny ýada salyp, Onuň medetinden umydygär bolup, kalbymyň aram tapyşyny hiç bir zada deňäp boljak däldi. Şol duýgynyň berýän sagadaty başymdan inen-u-injek ähli külpetlere em bolýardy.
Şeýdip, ýagdaýyma şükür edip, galajygyma dolanyp geldim we öz howpsuzlygym babatda öňkimden has arkaýynlaşdym. Çaklaýşyma görä, wagşylar bu ada ony-muny gözläp gelmeýärdiler, asyl-ha, olaryň hantama zady ýokdy. Sebäbi olar kän gezekler timisgenişip, adanyň tokaýlyk künjeklerinde seňkildändirler, ýöne ähtimal, meňki bolsun diýer ýaly, zada duşan däldirler. Adada ýaşap ýörenime eýýäm on sekiz ýyl bolup barýardy we men soňky döwre çenli hiç hili adam yzyna gabat gelmändim, diýmek, özüm bir säwlik goýberäýmesem, onda häzirkim ýaly gizlenip, ýene şonçarak wagt ýaşap biljekdim. Indi meniň ýeke-täk alada etmeli zadym — tä adam şekilli ynsanlara duşýançam, öz ýaşaýan ýerimi, ekin-dikinimi we agyllarymy ýabany adamhorlaryň gözünden gizläp, hemişe hüşgär gezmekdi.
Barybir, şol alkakmyş wagşylara, olaryň adamçylyga sygmajak lagnaty däp-dessuryna — bir-birleriniň etini oda daglap, süňküni gemirmeklerine bolan ýigrenjimiň çeni-çaky ýokdy, aňrym bärik gelip, birden-birden içim-bagrym tütäberýärdi. Şeýle bolansoň, men iki ýyl çemesi bellibir çygyrdan çykman, gizlenip ýaşadym. Çygyr diýýänim, gowagyň öňündäki howlymyň, jülgedäki telärli mülkümiň hem-de tokaýyň jümmüşindäki täze agylçamyň aralygyna düşýän ýerlerdi. Ol çygra diňe şol ýerdäki geçilerim ölüp galaýmasyn diýip, çendan-ýarym köw-söw edip gaýdýardym. Ýaňky aýdyşym ýaly, dowzahdan çykan şol pis mahluklary şeýlebir ýigrenýärdim welin, asyl şolaryň mysalasyna ýüzüm düşeninden, Melgun bilen aşyk atyşanymy kem göremokdym. Şol iki ýylyň dowamynda men köwjagazda ýygşyryp

goýan gaýygymy görmäge ýeke gezegem gitmedim. Oňa derek, başga bir gaýyk ýasanmagyň kül-külüne düşdüm. Birdenkä, şol ýuwhalara pete-pet bolaýmaýyn diýen gorky bilen, gaýygymy adanyň bu tarapyna sürüp getiräýmäge bognum ysmaýardy. Eý, toba, gaýygymda jülpüldän bolup gelýärkäm, meni deňziň ortarasynda gapjaýsalar, tomaşany şonda görersiň!
Herniçik-de bolsa, ýabanylaryň meni tapmak howpunyň ýokdugyna bolan ynamym, wagtyň geçmegi bilen, meni gaýgy-ünjüden birkemsiz saplady. Men ýene-de edil öňkülerim ýaly ýaşap ugradym. Ýöne ýekeje bir tapawut bardy — indi men hüşgärligi elden bermän, ýabanylaryň gözüne ilmezlik üçin örän ätiýaçly gezýärdim. Ylaýta-da, olar adada kaňkaşyp ýören mahaly atanlykda eşidäýmesin diýen ätiýaçdan ötri, tüpeň atmamy hem goýupdym. Hernä, wagtynda geçileri eldekileşdirip, süri köpeldenim bähbide çekipdir; indi tokaýyň içinde sermenekläp, ýabany geçileri kowalap, tüpeň atyp ýörmek aladam ýokdy. Şol wakadan soň äwip-säwip, iki-ýeke geçi tutsam tutandyryn, olam duzakdyr gürpbasdy bilen; şunlukda, ýalňyşmaýan bolsam, şol iki ýylyň dowamynda birje gezegem tüpeňimiň mäşesini gysmadym. Ýöne, barybir, ony ýanymdan goýmaýardym. Ondan başga-da, gämiden galan üç sany sapançamyň, iň bolmanda, ikisini elmydama geçi derisinden ýasalan gaýyş kemerime gysdyryp goýýardym. Gämiden alyp galan ullakan gamalarymyň birinem ýörite tiken tasmajygymdan ildirip, bilimden asýardym. Şeýlelikde, guşagyma iki sany uzyn nilli sapança gysdyryp, bilimden ýalaw ýaly gamany sallap, apaň-apaň basyp ýöränimde, meniň haýbatymy bir görsediňiz, bularyň üstesine-de, öň suratlandyran ýarag-enjamlarymy we sallam-sajak, ylhanaty ebtimi hem göz öňüne getirip görüň.
Şeýlelikde, ätiýaçlyk çärelerini hasap etmäniňde, meniň durmuşym bellibir döwürde ozalky parahat we asuda akymyna gaýdyp geldi. Bu zatlaryň hemmesi, başgalaryňky bilen deňäniňde, meniň ýagdaýymyň has öwerlikdigini barha aýdyň görkezýärdi, ýogsam, Biribar meniň maňlaýyma ýaşaýşyň başga birgiden külpetlerini hem ýazyp bilerdi ahyryn. Dogrudanam, tutuş ýer ýüzündäki adamlar özlerini hemişe has belentdäkilere deňäp, zeýrenişip ýörmän, tersine, öz hal-ahwallaryny has agyr hem-de pes ýagdaýdaky adamlaryň ýagdaýyna deňänliginde, onda dünýeler düzelip, arza-şikaýatlar, gör, nähili azalardy!
Häzirki ýagdaýymda meniň onçakly mätäç zadym ýokdy, sebäbi, göwnüme bolmasa, ýabany wagşylardan gorky ede-ede, indi gündelik gerek-ýaraklara hysyrdanyp ýörmekden mazaly elim sowaşyp, oýlaptapyjylygym kütelişipdi. Şonuň üçinem men ençe wagtdan bäri üstünde çorba sowadan täze bir güýmenjämi goýbolsun edipdim — gönüläp aýtsam, men arpa dänelerini irimçik üwäge-de, şondan az-owlak piwojyk gaýnadyp bolmazmyka diýip, gultunyp ýördüm. Ol hälki bir barypýatan ham-hyýallyk eken, şol türkanalygym üçin men soň-soňlaram özümi kötekledim ýördüm. Piwo gaýnatmak üçin maňa birnäçe goşmaça serişdäniň gerek boljakdygyny bilmändirin, bilenimde-de, olary tapjak gümanaň barmy diýsene?! Öňi bilen, ony saklamaga çelek gerekdi, çelek ýasajak bolşumyň ýabygorlydygy barada bolsa, men eýýäm gürrüň berdim. Näçe günläp, hepdeläp, hatda aýlap çyr-çytyr dyrjaşsam-da, çelek ýasamak maňa eýgertmändi. Ol hiç diýeniňde-de, mende piwo ýasar ýaly ne-hä

bir hmel, ne-de ony aldyrmak üçin maýa, ne-de bir gaýnadar ýaly gazan bardy. Ýöne, eger ýabany adamlardan bolan gorky-ürki ara düşmedik bolsady, onda şol kem zatlaryň başyny jemläp, belkem, piwo ýasamagyň hötdesinden gelerdim, çünki bir ýüregime düwüp, başyny başlan islendik işimi gutarman goýýan halatym örän seýrek bolýardy.

Emma şol iki arada meniň oýlap tapyjylygym düýbünden başgaça bir ugra syrykdy oturyberdi. Men indi gije-gündiz «Şol gana suwsan ýabany ülhitleri öz wagşy şady-horramlygynyň üstünde basyp, birnäçesini tükgerdä-gedän, mümkin bolsa, olaryň iýmek üçin äkelen biçäre görgülisini halas edip bolmazmyka» diýen pikiriň kü-ýünde gezýärdim. Şol päliýamanlary gyr-ýapyr etmek ýa-da iň bolmanda, dolanyp şu ada köwlenmezleri ýaly, gözleriniň oduny almak üçin oýlap tapan, aňymda aýlan hiledir sapalaklarymy jikme-jik ýazjak bolsam, kitabyň göwrümi ulalar gider. Emma uzakdan kesekleşmegi göz öňünde tutýan şol hile-pirimleriň hiç birisiniň-de başa barmajagy eýýämden äşgärdi. Sebäbi meniň hut özüm şagalaň wagtynda şol ýerde bolmalydym. Beý diýseňem, mergenlikde menden kem durmajak, eli naýzaly, okly-ýaýly, ýigrimi-otuz sany pyýada bilen döwüm deň gelermidi beri?

Men ýabanylaryň ot ýakýan ýeriniň aşagyny köwäge-de, bäş-alty funt däri gömüp goýjagam boldum. Olar ot ýakan badyna däri ýarylyp, golaýda duranlaryň barynyň külüni göge sowurjakdy. Ýöne, birinjiden-ä, mende bary-ýogy ýekeje çelek däri galypdy, onsoň munça därini ýele sowurmaga dözmedim, ikinjiden bolsa, däriniň tüýs ýabanylaryň emini beräýjek pursatda partlajagy gümanady, alaw tutaşan mahaly oduň gapdalynda hiç kim ýok bolsa, partlama uzagrakda duran ýabanylaryň gulagyny gapyp, ýüz-gözüni külden dolduryp, bir aljyraňňylyk döreder. Ana, bar bolany, ojagaz tüweleý üçin olar bu adadan aýagyny kesmez. Şonuň üçin men bu hyýalymy gapdala goýdum. Soňra: «Tüpeňlerimiň üçüsine-de ok sürüp, gyrak-bujakda, amatlyja bir bukuda ýatsam nähili bolarka?» diýip pikirlendim. Ganly şagalaň gyzyşyp, ýabanylaryň meý-mes bolan pillesi olaryň üstüne yzly-yzyna seçme ýagdyraryn. Şonda, her atyşda olaryň iküç sanysyny dagy öldürjek ýa-da ýaralajak bolaryn. Onsoň başagaýlykdan peýdalanyp, gamamy syrarynda, üç sany sapançam bilen ýabanylaryň üstüne okdurylaryn. Bar, şolar ýigrimi adam bolaýanda-da, gürrüňsiz, hemmesini edil palaç ýatyran ýaly gyr-ýapyr ederin. Men bu hyýala ençe hepdeläp maýyl bolup gezdim, hatda ol soňabaka aňymy şeýlebir eýeläp, ýygy-ýygydan düýşüme girip başlady; men ukymda tüpeň atyp, ýabanylar bilen tutluşyga girýärdim.

Kelläme üýtgeşik-üýtgeşik pikirler gelip duransoň, men ýabanylary merdiwana mündürmäge çemeli bukalga tapjak bolup, ençeme günläp günbatar kenarýaka gatnamany çykardym. Men zol-zol baryp durandygym üçin, indi ol kenara bäş barmagym ýaly belet boldum. Meniň paýhasym ar alyş hyjuwyndan ýaňa pürepürlenip, ol mahluklaryň ýigrimi-otuzyny paýhynlap taşlaýsam diýýärdi. Çägesöw kenarda çaşyp ýatan eýmenç süňk-saňklary görüp, tüýs jynym atlanýardy.

Men ahyrsoňy baýryň ýapysynda bir pynhan köwjagaz tapdym, o taýda ümsüm oturyp, ýabanylaryň gaýyklary gözýetimde peýda bolýança garaşsa boljakdy. Olaryň uzakdan garasy göründigi, hol beýleräkde ösüp oturan topbak agaçlaryň arasyna

ýüwrüp baraýmalydy. Agaçlaryň birinde meni doly gizläp biljek ullakan, hoňkaryp duran köwek bar eken. Şol köwekde jaýlaşyp, adamhorlaryň rehimsiz pişesini boýdan-başa synlap, olaryň kellesini arkaýyn nyşanalap biljekdim. Onsoň olar bir ýere hümerlenişen wagty, atan okumyň sowa geçmejegi ikuçsuzdy. Eýýäm birinji atyşda olaryň üç-dört sanysyny ýere sermäge doly mümkinçiligim boljakdy.
Şeýlelikde, men hut şol meýdançada öz niýetimi amala aşyrmagy ýüregime düwdüm-de, iki sany muşket bilen ýönekeý aw tüpeňimi tertibe salyp, çaknyşyga taýynlyk görüp ugradym. Muşketleriň her birine iki sany gurşun gülle bilen dört-bäş sany sapança okuny saldym; aw tüpeňime bir gysym iri seçme guýup, sapançalarymyň her birine dört sany ok sürdüm. Şeýlelikde, ikinji we üçünji atyşlaryňam ok-därisini tükel jemläp, ýörişe çykybermäge taýýar boldum.
Men öz söweş niýetimi göwnejaý bişirip, hyýalymda öwran-öwran ýerine ýetirip görenimden soň, her gün ir säher bilen, öz galajygymdan üç mil gowrak aradaşlykda ýerleşýän şol baýryň depesine gatnap başladym. Şol depede «Ada bakan gelýän ýa-da golaýjykdan geçip barýan gaýyk-ýene gözüme ilmezmikän» diýip, irikgä bolup oturýardym. Men iküç aýlap juda eserdeň gözegçilik etdim, ýöne her gün agşamlyk üýtgeşik bir gaýyga-ýenä gözüm düşmän, öýüme lapykeç gaýdyp gelýärdim. Soňabaka bu ynjyk iş halys ýüregime-bagryma düşüp ugrady. Diliňde aňsat — günuzyn ýa deňziň ýakasyna çiňerilip oturansyň ýa-da alys gözýetime, bir eýläk-bir beýläk dürbi tutup duransyň, şonda-da, uçgyraksyz ummanyň hiç bir ýerinde gaýyga çalymdaş gara nokatjygam gözüňe ilmez.
Daş-töwerege esewan bolmak üçin her gün depä gatnap ýörşüme, öz söweş meýlimi amala aşyrmaga biçak höwesjeň çemeleşýärdim. Şol wagtky badym bilen, gözümi gyrpman, ýigrimi-otuz sany ýalaňaç wagşyny uçdantutma pürreläp biljekdim. Aslynda welin, olaryň ganhor däp-dessurlary barasynda heniz akylly-başly pikirlenip hem görmändim. Ýerli adamlaryň görlüp-eşidilmedik bu wagşy edähediniň döreden gorkusy sebäpli, meniň ýüregimde ýigrenç ody lowlaýardy. Ýoluny urduran ol näkesler Perwerdigäriň hikmetli hökümleri bilen agyp-dönýän şu dünýede öz ýigrenji we bibaş höweslerinden başga ýol görkeziji tapyp bilmän, ylahy külpete sezewar bolandyrlar. Onsoň olar, ähtimal, ençeme asyrlaryň dowamynda, özbaşlaryna galyp, elhenç etmişlere ýüz urandyrlar, biçak gorkunç däp-dessurlar edinendirler. Biribaryň özugruna taşlan şu üzňe tebigatynda, ol ýabanylar adamzada mahsus bolan sypatlary ýitirip, jähennem mahluklaryna öwrülipdirler. Emma welin, ýaňky aýdyşym ýaly, men her gün irden depä gatnap, biderek köwüş tozduryp ýörmekden halys bez bolamsoň, ýabanylary öldürmek baradaky pikirim hem üýtgäp ugrady. Men nähili işe ýüz urjak bolýandygym barada indi has sowukganly we pähimli oýlanyp başladym. «Olara kazy ýa-da jellat bolmaga seniň nä hakyň bar? Merhemeti soňsuz Ýaradan bellibir hikmet boýunça olara şunça asyrlap hiç hili temmi bermändir. Kim bilýär? Belki-de, biri-birlerini gyrmak bilen, olar Hudaýyň hökümini ýerine ýetirijiler bolup durýandyrlar? Edil maňa-ha olar hiç hili ýamanlyk etmediler. Onsoň olaryň tohum-tire dawalaryna goşulmaga meniň hakym barmyka? Men bu meseläni ýygy-ýygydan serimde aýlap, öz-özüm bilen gürleşýärdim: «Dek şu ýagdaý üçin Biribaryň nähili höküm berendigini näbilýäň? Olaryň adam etini iýmegi jenaýat hasap etmeýänlig-ä

şübhesiz. Özlerine adaty zat bolup görünýän bu elhenç pişe olara wyždan azabyny bermeýär. Ýabanylar ony jenaýatdyr hem öýtmeýärler, şeýlelikde, biziň edýän etmişlerimizde bolşy ýaly, ylahy adalatyň tersine gidýärler. Olar söweşde ýesir düşen bendileri öldürmegi öküz soýança-da görmeýärler. Edil biziň goýun etini hezil edip iýşimiz ýaly, olaram adam etini sümürýärler».

Men bu ýagdaý barada pikirlenip, birmeýdan böwrüme diň salyp oturdym-da, özümiň göz-görtele bimamladygym barada netijä geldim. Ýabanylar meniň ýazgarýan terzimdäki ganhorlar däldi. Söweşde ýesir düşen bendileri, aýyn bolmasa, gylyç-dan geçirýän hristianlaryň ganhorçylygy bilen deňäniňde, olaryň adam öldürişini ýüzüňe sylaýmalydy. Ýewropada hatda gylyjyny tabşyryp, boýun synan uly-uly goşunlary-da, aman bermän, durşuna paýhynlap taşlaýardylar ahyryn.

Üstesine, ýabanylaryň öz bir-birlerine şonça çygyrsyz, wagşy çemeleşýändigine garamazdan, adam eti iýilýän ganly meýlisiň maňa ýagşydan-ýamandan galtaşýan ýerem ýokdy. Olar maňa zorluk-sütem etmändi. Bardy-geldi, olar üstüme hüjüm edip, zerurlyk ýüze çyksa, onda men, elbetde, özümi goramak üçin olar bilen harçaňlaşmaly bolardym. Emma men ýabanylaryň elýeterinden şeýlebir uzakda ýaşaýaryn welin, olar asyl meniň barlygymdan hem bihabardylar. Şonuň üçinem men barada olaryň hiç hili ýaman pygyllary bolup biljek däldi. Ýeri, onsoň olary gapyllykda basyp, käkilik ýaly awlamak ynsaba sygjak zatmy beri? Beýtmeklik Günorta Amerikada millionlarça ýerli indeýi gyrgyna salan ispanlaryň eden elhenç etmişleriniň ählisini unamaklygy aňlatjakdy. Butlara çokunýan wagşy indeýler birentek rehim-şepagatsyz, ýowuz däp-dessurlary berjaý edýärdiler. Ylaýta-da, adamlary öldürip, öz hudaýlarynyň ýoluna gurban edýärdiler. Emma welin, ispanlaryň eden gabahat işlerine seredeniňde, olary bigünä hasaplasa-da boljakdy. Ispanlaryň ýerli indeýleriň ýurdunda ýel öwüsdirişleri barada şol döwürlerde hatda Ispaniýanyň özünde-de, Ýewropanyň beýleki hristian ýurtlarynda-da çäksiz ýigrenç hem-de ýazgaryş bilen gürrüň edilýärdi. Olaryň garawsyz ilaty görlüp-eşidilmedik zalymlyk bilen gyran-jyrana salyp, nähak gandöküşleri ne-hä Biribaryň, ne-de bendesiniň öňünde bagyşlanjak zatdy. Şol döwürlerde islendik bir ispaniýalynyň ady hemme adamzat halklarynda we hristian ymmatynda gorky hem-de howsala bilen agzalýardy. Ispaniýa şalygyna bolsa rehim-şepagat duýgularyndan daşlaşan, tüýs bir ejizeganym, ýagşylyk barada hiç zat bilmeýän doňýürek adamlary ýetişdirýän ýurt hökmünde garalýardy.

Bu oý-pikirler meni örän iňkise goýdy, has dogrusy, pälimden gaýtardy. Men dura-bara gaýtmyşym edip, wagşylaryň üstüne çozmak baradaky pikirimiň telekdigine düşündim. Özleri sürnüp gelmese, olaryň şagalaň-topalaňy meniň nä azaryma diýsene?! Meniň işim sapalak atyp, busurylyp gezibermekdi. Eger olaryň özi meniň üstümden gelip, hüjüme geçäýseler, onda men özümi goramagy başararyn.

Başga bir tarapdan, arynyň öýjügini gorjamak meniň özümi halas etdigim däl-de, gaýtam, öz aýagymdan palta urdugym boljakdy. Sebäbi diňe bir gezekde ada gelip düşen ýabanylary däl-de, eýsem, şondan soň kenara geljek islendik ýabanylar toparyny, birini sypdyrman ýok edip biljegiňe ynamyň bolmaly. Eger olaryň biri gaçyp sypagada, bolup geçen wakany öz obasynda gürrüň beräýse, müňläp-müňläp

adamhor wagşylar öz urugdaşlarynyň aryny almak üçin bu ýere bosuşyp gelmezmi! Ine şonda, men şu wagt özüme howp salmaýan ölümi ýakynlaşdyrdygym bolardy.
Men şu zatlaryň ählisini paýhas eleginden geçirip, ahyrsoňunda, ýerlilere gürpbasdy gurmagyň, herniçik-de bolsa, adamçylyga we öz ahlak ýörelgelerime sygmajakdygy barada belli-külli karara geldim. Men her edip-hesip edip, olaryň gözünden gizlenip gezmelidim. Olarda «Adada adam ýaşaýan eken-ow» diýen çaklama döremezligi üçin, hiç hili alamat, yz galdyrmaly däldim.
Şol göwnejaý çözgüdimiň üstüne din-ygtykat hem goşulansoň, birnäçe nukdaýnazardan, ol bigünä bendeleriň ganyny dökmek baradaky rehimsiz niýetleriň meniň borjuma girmeýändigine ynandym (öz ýanymdan olary bigünä hasap edýärdim). Özleri bir-birleriniň kekirdegine münüp, jenaýat edip ýörseler, men nädeýin. O jenaýatlar şol taýpalaryň öz boýnunady. Men bu meseläni bütin taýpa-tirelere, halklara hökümini ýöredýän Biribaryň eradasyna tabşyrmalydym. Elbetde, halk bolup edilen etmişlere nähili jeza berjekdigini, köpçülikleýin edilýän pyssy-pyjurlyklara nähili köpçülikleýin derdi-belalary inderjekdigini külli jahanyň Eýesi öz hikmetli eradasy bilen kesgitleýär. Men bu ýagdaýy indi şeýle bir aç-açan görýärdim welin, günädigi göze dürtülip duran bir zada — göre-bile jenaýat etmek hasaplap boljak şol etmişe ýüz urmandygym sebäpli, çäksiz begendim. Dyzyma çöküp, meni şol zeýilli jenaýatdan alyp galan Ýaradana yhlas bilen, tüýs ýüregimden alkyş okadym. Onuň hemişe medet berip, meni ýalkamagyny, şol wagşylaryň eline düşürmezligini, öz ömrümi halas etmek üçin äşgär bir ylahy alamat bolmasa, şol işe el gatmakdan meni daşda saklamagyny dileg etdim.
Şondan soň bir ýyl töweregi şeýle pikirde gezdim. Şol ülhitlere ýolda-yzda sataşmakdan gaça durdum. Gözüm düşse, özüme erk edip bilmän, garpyşyga girerimden çekinip, depä gatnamamy bes etdim we olaryň ada geleni-gideni bilen asla gyzyklanmadym. Men diňe gaýygymy öňki goýan ýerimden alyp gaýtdym-da, ony adanyň gündogar ýakasyna getirip, üstüne beýik gaýa abanyp duran bir ygyşak duralgajykda ýygşyrdym, sebäbi men akym sebäpli, ýabanylaryň bu ýere gaýyk ýüzdürip gelmäge ýürek etmejekdigini bilip otyrdym.
Gaýygymy mundan beýläk ýelkensiz ulanjakdygym sebäpli, indi geregi bolmasa-da, gaýyk üçin ýasalan ýelkendir bogaldagy, şo taýda goýan ähli akyr-ukurlarymy hem-de labyra çalym edýän tilsimady ýygnaşdyryp alyp gaýtdym. Tilsimat diýýänimiň sebäbi — oňa ne labyr diýip boljakdy, ne-de bir leňňer (ondan gowuragyny ýasamak maňa başartmady). Gepiň tümmegi, adada gaýyk ýa-da adam bardygyny aňladyp biljek iň bir owunjak yşaratdyr yzam galdyrmajak bolup, men olaryň barysyny aýyrdym.
Mundan başga-da, hälki aýdyşym ýaly, howlymdan çykman oňýardym, daşaryk setanda-seýranda, diňe geçileri sagmak, tokaýdaky çaklaňja sürime idi-yssuwat etmek ýaly zerur işler üçin çykýardym. Tokaýdaky agylym adanyň beýleki çetinde bolansoň, ol howp-hatardan uzakdy. Ýabanylar käte ony-muny gözläp aýlansa aýlanýandyr, emma olaryň adanyň jümmüşine hiç haçan aralaşmaýandygy, kenardan onçakly daşlaşmaýandygy görnüp durdy. Elhenç gorka düşüp, seresap ýaşap başlan günümden bäri, olaryň ýene-de telim sapar ada gelip-gidendigi şübhesizdi. Kämahal

öňki arkaýyn ýaşaýşymy göz öňüme getirenimde, gorkudan ýaňa endamym jümşüldäp gidýärdi. Elim diňe ownuk seçme guýlan ýekeje aw tüpeňli, ýarym-ýalaňaç, adanyň dürli künjeklerinde «näme tapyp bolaýarka» diýip, saga-sola aňkarylyp, gorky-ürküden bihabar, keremara gezelenç eden bolup ýörýärdim. Şonda, «wäh» diýen ýaly, alkymymyň aşagyndan ýabanylar pete-pet çykan bolsa näderdim?! Şol ýekeje aýak yzyna derek on bäş-ýigrimi sany ýabany duş gelip, söbügime münen bolsa, onda nähili bolardy! O äteňetler biçak ýyndam bolansoň, iki ädim ädip ýetişmänkäm, meni gabyrdadyp basjaklarynyň ujy iki däldi.
Bu pikirler meni öz erkime goýman, kellämi çaşyrýardy. Bu bolup oturyşyma, özümi goramak üçin hiç zat edip bilmejekdigim, nalaçlykdan aňňalak gapjakdygym, indi şunça pylan-pismidany ölçerip-döküp, taýýarlyk görende bolsam, barybir, ýabanylardan döwümiň pes geljekdigi barada oýlanamda, meni elhenç umytsyzlyk gaplap alýardy. Kämahallar bu ýagdaý örän uzaga çekýärdi. Emma welin, ahyrsoňunda, meni şunça görünmez derdi-belalardan aman saklan, özbaşyma hiç haçan sypyp bilmejek çoçgarlarymdan halas eden Taňra şükür etmeli diýen netijä geldim. Dogrusy, men şol bela-beterleriň bardygyndan, hatda bolup biljekdiginden hem bihabardym. Şükür etmeklik, mundan ozal başymdan inen howp-hatarlarda Biribaryň goragyny ilkinji ýola görüp başlan gezegimdäki bir hakykaty ýadyma düşürdi. Hakykatdan-da, her tüýsli göze görünmez betbagtçylyklar, gör, nähili gudratlar arkaly bizden sowlup geçýär! Çykgynsyz ýagdaýa düşüp: «Şu ýoldan gitsemmikäm ýa-da bu ýoldan?» diýip ýaýdanyp, ikigöwünli bolup durkak, gizlin bir ses bizi öz saýlan ugrumyza däl-de, beýleki ugra gönükdirýär. Heý, şoňa üns beripmidiňiz? Akyl-paýhasymyz, tebigy meýlimiz, belkem, öz tutan maksadymyz bellibir ýoly salgy berip duranda bolsa, haýsy gözbaşdan nädip gelenini, nähili güýjüniň bardygyny bilip bolmaýan bir geň-enaýy duýgy: «Beýleki ýoldan git» diýip böwrüňe dürtekleýändir. Soňundan öz akylymyza eýerip, göz öňüne getiren ýolumyzdan giden bolsadyk, onda tüýs bir heläkçiligiň üstünden barjak ekendigimize düşünip galýarys. Şu hili ençeme oýlardan soň, men özümçe bir ýörelge kesgitledim. Bir işe baş goşup-goşmazlyk, bir ýoldan gidip-gitmezlik barada ýüregim gizlin bir duýgyny syzsa, aňymda bir üşük dörese, onda ýüregimdäki şol duýgy bilen aňymdaky üşükden başga tutaryk gözläp oturman, şol pynhan buýruga doly eýerip başladym. Şol ýörelgäniň getiren şowlulyklaryna men öz durmuşymdan, ylaýta-da, şu çola adada geçiren soňky ýyllarymdan näçe diýseň mysal getirip bilerin. Men ozallar, häzirkim ýaly seljeren bolsam, ünsümi çekip biljek başga-da kän-kän ýagdaýlary başdan geçirendirin. Ýöne «Hiçden giç ýagşy» diýipdirler. Men öz durmuşlary edil meniňki ýaly adatdan daşary ýa-da biraz sadarak wakalar bilen geçen akylly-başly adamlara, gö-ze gö-rünmeýän haýsy paýhas çeşmesinden gelse gelibersin, Biribaryň şunuň ýaly pynhan buýruklaryna gulak asmaklaryny maslahat berýärin. Men ol paýhas çeşmelerini çintgäp oturmakçy däl. Megerem, dogry düşündirip bilmerin, emma munuň ruhlar arasyndaky özara üm alyşmagyň, bedenli we bedensiz närseleriň gizlin habarlaşmasynyň subutnamasy bolup durýandygy, şol subutnamany bolsa hiç haçan puja çykyp bolmaýandygy gürrüňsiz hakykatdyr. Şu esasda çolaja adadaky

soňky ýyllarda başymdan geçen we ýatlamaga mynasyp ahwalatlary ýeri gelende aýdyp bererin.

Soňky döwürde üstümi basmarlan ünji-aladalaryň, meni birsyhly ynjalykdan gaçyrýan howp-hatarlaryň, öz gün-güzeranymy gowulandyryp, dokuzymy düzüw etmek üçin meşgullanýan oýlap tapyşlarymyň, taslamalarymyň soňuna sogan ekendigini aýtsam, okyjy geňirgenip durmazmyka diýýän. Men şindi howpdan ýaýdanjyrap, iýgi-içginiň, nahar-şoruň aladasyny edip bilmeýärdim. Tarkyldysyny ýabanylar eşider öýdüp, ne-hä çüý kakyp, ne-de bir agaçdyr odun çapyp bilýärdim. Hut şol ünji sebäpli, tüpeňem atyp bolmaýardy. Iň keçje ýeri bolsa, tüssäniň gündizine örän uzak aralykdan görnüp, meniň syrymy äşgär etmeginden çekinip, ot ýakyp bilmän, bijaý kösenýärdim. Şol zerarly, gap-çanak, şybyk ýaly otda taplamaly zatlary tokaýyň içindäki täze tapan ýerime alyp gitdim. Günlerde bir gün şo taýdan, ýeriň aşagyna, edil däliz ýaly, çuň girip gidýän bir tebigy gowak tapan wagtym, örän begendim. Ol gowagyň agzyna gelen ýabany adam hernäçe gözsüz batyr bolsa-da, gowagyň içine girmäge bogny ysjak däldi. Hakykatdan hem, bu garaňky sürene meniň ýaly ygtybarly gaçybatalga gözläp ýören biri bolaýmasa, girip biljek adam ýokdy.

Men agaçdan kömür ýasamak üçin äpet gaýanyň düýbünde gögeren agaçlaryň ýogyn şahalaryny paltalap durkam, tötänleýin şu köwegiň üstünden barypdym (tötänleýin diýýän welin, men indi şu hili wakalaryň Alla tarapyn bolýandygyny bilýärdim).

Ýöne ilki bilen kömrüň nämä derkar bolandygyny aýdyp bereýin. Ýaňky aýdyşym ýaly, men öýümiň golaý-goltumynda ot ýakmaga gorkýardym; emma welin çörek bişirmän, ýagly-ýüzli biş-düş etmän oňmak mümkin däldi. Şeýle bolansoň, men odun ýakyp, kömür ýasamagy ýüregime düwdüm. Angliýada ýogyn pürsleri bir çukura sokup, üstünem howa geçmez ýaly bajakly gum bilen ykjam basyryp, olar tä kömre öwrülýänçe, aşagynda pessaý ot ýakýandyklaryny ozal görüpdim. Men kömür doly taýýar bolansoň, ody söndürýärdim-de, kömürler mazaly sowaşansoň, halta gapgaryp, öýe alyp gaýdýardym. Kömrüň tüssesi bolmaýardy, şonuň üçinem, nahar-şor diýermiň, toýun gap-gaç bişirmek diýermiň — indi arkaýyn ot ýakybermelidi.

Indi gowakly waka dolanyp geleliň. Ine, bir gün kömür ýasaýan ýerimde agaç çapyp ýörkäm, çyrmaşyp ösen gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda bir köwegiň hoňkaryp, garalyp durandygyny gördüm. Mende köwegiň içine girip görmäge güýçli bilesigelijilik döredi. Onsoň men gyrymsy şahalary eýläk-beýläk sowuşdyryp, zordan köwegiň agzyna baryp ýetdim. Onuň beýikligi iki adam boýy dagy bardy, arkaýyn dik durup boljakdy. Ýöne şonda bir ahwalat bolup geçdi. Gowagyň agzyndan düşýän öçügsi ýagty diwaryň ýüzünde ýaldyr-ýuldur edýärdi. Men sermenekläp biraz öňe bakan ýöredim-de, gowagyň tüm-garaňky bolup duran düýpki künjegine seretdim. Bir görsem, ynsmy-jynsmy, nämedigini Hudaý bilsin, bir üýtgeşik jandaryň ot kimin ýanyp duran iki sany ullakan gözi görünýär. Muňa gözüm düşüp, zähräm ýarylan ýaly bolup, asyl, gowaga girenim bilen yzyma atylyp çykanym des-deň boldy.

Emma men ýene az salymdan özümi dürsedim we: «Haý, akmak diýsänim, ýigrimi bir ýyl bäri şu çola adada ýeke özüň ýaşabam, gel-gel, indi arwah-jyndan gorkýarmyň? Gowakdaky zat näme-de bolsa, seň özüňden gorkunç däldir» diýip, öz-

özüme käýindim. Şondan soň birneme haýbatlanyp, elime ýanyp duran otly kesindini alagada, gaýtadan gowaga girdim. Kesindini ýokaryk göterip, üç ädim ädenim hem şoldy welin, birdenkä biriniň erbet agyry sebäpli iňleýän adamyňka çalymdaş, haşlap batly dem alanyny eşidip, depe saçym düýrükdi. Soňra, hamana, biri samraýan ýaly, üzlem-saplam ses geldi-de, bir näbelli jandar wähhildäp uludan dem aldy. Men bir erbet tisginip, yza çekildim. Endamymy şagga sowuk der basdy. Kellämde şyrdagymyň ýokdugam bir gowy zat, ýogsam, kirpi ýaly syh-syh bolan saçlarym ony hökman ýere gaçyrardy. Men başardygymdan özüme basalyk berdim we Ýaradanyň her bir pursatda, her bir ýerde bar bolup, her bir zada höküm edýändigini ýadyma saldym. Onuň meni gorajakdygy barada oýlandym. Onsoň az-kem batyrlanyp, usullyk bilen öňe bakan ätledim. Men kellämden ýokarraga göterip duran otly kesindimiň salýan ýagtysyna bir lagar düşen äpet tekäniň aýagyny kakyp, urnup ýatandygyny saýgardym. Ýaşy bir çene baran ol janawaryň peýmanasy dolup, ölüm pillesi ýakynlaşan eken. Men ony daşaryk süýrejek bolup, ýerinden gozgadym. Garry teke ýerinden turjak boldy, emma başarmady. Soňra men: «Goý, şu ýerde ýatybersin-le» diýip oýlandym, ol heniz jany barka, edil meni gorkuzyşy ýaly, bu gowaga girmäge synanyşan ýabanylaryň hem ýüregini ýarmagy mümkindi.
Men gorkymdan az-kem aýňalyp, degre-daşymy synlamaga durdum. Gowak örän darajyk eken. Onuň ululygy, takmynan, on iki fut töweregidi. Gowak tegelek diýsem tegelek däldi, inedördül diýsem inedördül däldi. Ol adam eli degmän, tebigy hadysalar arkaly köwlen bolmaly. Ondan başga-da, men gowagyň düýp tarapynda aňyrlygyna gidýän bir sümelge bardygyny gördüm. Sümelge şeýle bir pessejikdi welin, içine girmek üçin dört aýakda emedeklemeli boldum. Onuň nireden baryp çykjagy hem belli däldi. Ýanymda şem bolmansoň, men sümelgä girmegi şol günlükçe goýbolsun etdim we ertir çakmagymy, içi gorly tabany, ýany bilenem üç-dört sany şemi alyp, bu ýere gaýtadan gelmegi ýüregime düwdüm.
Aýdyşym ýaly, ertesi öz ýasan alty sany şemimi alyp, gowaga geldim (men indi geçileriň içýagyndan örän ajaýyp şem ýasap bilýärdim, ýöne peltä derek, şemlere käýarym köne letdejik ýa-da garaýag siňen sapajyk, käýarym bolsa, çitçitä meňzeş bir ösümligiň guran gabygyny işip goýýardym). Men gowagyň düýbündäki insizje sümelgä girenimden soň, ýokarda aýdyşym ýaly, emedekläp on ädim çemesi gitmeli boldum. Bu ötelgäniň uzynlygyny, onuň nirä alyp barýandygyny bilmän, munça aralygy geçmek, dogrusy, meniň üçin örän soňuny saýmaz töwekgelçilikdi. Men ýoluň iň dar ýerine baryp ýeten wagtym, birdenkä, beýikligi ýigrimi futa barabar ullakan bir giňişlige gözüm düşdi. Lap edip aýtdygym däl, ýöne men adada ýaşan döwrümde henize-bu güne çenli munuň dek ajaýyp görnüşe gabat gelmändim. Gowagyň depesi, ylla diýersiň, gümmez ýaly tegelenip, diwarlary tekiz ýaýylyp gidýärdi. Men üst-başymyň gumuny kakyşdyryp dikeldim-de, haýran galmakdan ýaňa öwelip duruberdim. Elimdäki iki sany şemiň şuglasy diwaryň ýüzüne düşüp, set müň dürli öwşün atyp oýnaklaýardy. Men: «Eý-ho, bu al-elwan lowurdylar nämekän — lagly-jowahyrmyka ýa-da bahasyna ýetip bolmajak başga daşlarmyka? Belkem, ol altyn-kümüşdir!» diýip içimi gepledýärdim.

Gowagyň içi alagaraňky bolsa-da, ol örän ajaýypdy. Düýbi tekizjekdi, gurudy, bir tüýsli owunjak jyglym daşlar düşelendi. Ýakymsyz ysly ýa-da zäherli jandarlar gö-ze ilmeýärdi. Diwarlarda we gümmezde yzgar çekip, çygjaryp ýatan ýer ýokdy. Bir ýaman ýeri, — onuň girelgesi darajykdy, ýöne oňa derek bu gowak howpsuzdy, tüýs meniň gözläp ýören gaçybatalgamdy. Şeýlelikde, gökdäki dilegim ýerde gowuşdy. Men täze açyşyma begenjimden ýaňa, aýagym ýere degmeýärdi. Onsoň mähetdel etmän, esasy goş-golamlary şu gowaga çekmegi ýüregime düwdüm. Ylaýta-da, därili çelegimi, ätiýaçdan saklap ýören ýaraglarymy, ýagny üç sany aw tüpeňimiň ikisini, jemi sekiz sany muşketimiň üçüsini alyp gaýtdym. Şonlukda, galajygymda diňe daşarky diwaryň gözaralaryna düzülip goýlan bäş sany muşketim galdy. Eýläk-beýläk gezelenje çykan wagtyň olaryň islendigini egniňe atyp gidibermelidi.
Men täze mesgenime ok-därilerimi daşap ýörkäm, birwagt deňizden tapan çelegimiň üstünden bardym. Içindäki däri öl bolansoň, ony ellemän goýupdym. Onuň gapagyny açyp gördüm. Suw çelegiň çar künjeginden biraz aralaşypdyr-da, şojagaz burçdaky çyg çeken däri saň gaty bolup doňupdyr. Ortadaky däriler bolsa, edil gabygyň içindäki hozuň maňzy ýalyjak gup-gurulygyna duran eken. Şeýlelikde, men çelegiň içinden altmyş funta golaý gowy däri çykardym. Bu meniň üçin bijaý ýakymly waka boldy. Onsoň men «nä döwür, nä zamana» diýip, galajygymdaky birnäçe funt däriden galanyny syryp-süpläp gowaga daşadym. Ok ýasaýan gurşunlarymy hem alyp gaýtdym.
Men indi özümi ertekilerdäki adam aýagy sekmejek gowaklarda, gaýalaryň köweginde ýaşaýan gadymy döwler ýaly göz öňüne getirýärdim; şu gowakdan çykman otursam, onda bäş ýüz sany ýabany ýer ýykyp gözlände-de, meni tapyp biljek gümanasy ýokdy. Bardy-geldi, meni tapaýanlarynda-da, bu ýere hüjüm etmäge olaryň bogny ysmasa gerek.
Demini sanap ýatan garry teke içerki gowagy tapan günümiň ertesi gowagyň agzynda amanadyny tabşyrdy. Ony süýräp allowarra äkidenimden, şol ýatan ýerinde gömenim maňa has aňsat göründi. Onsoň maslyk yslanaýmanka, çuň çukur gazyp, tekäni ýere duladym.

## XIII bap

Meniň adada ýaşap ýörenime eýýäm ýigrimi üç ýyl dolup barýardy. Men bu ýere, bu ýerdäki ýaşaýşa şeýlebir öwrenişipdirin welin, eger ýabanylar ara düşüp, ynjalygymy gaçyrmadyk bolsady, onda ömrümiň galan günlerini şu adada geçirmäge, hatda gowakdaky garry teke ýaly ýere süýnüp, soňky demim sogrulyp çykýança şu ýerde ýaşamaga ikelläp razydym. Wagtymy öňkülerden has şadyýan geçirmek üçin, her dürlüje oýunlar, güýmenjeler oýlap tapýardym. Eýýäm bilşiňiz ýaly, men ilkibaşda öz Totujama geplemegi öwredipdim; ol şeýlebir enaýyja hekgildäp, owadanja, düşnüklije jedirdeýärdi welin, gülüp heziller edýärdim. Ol meniň ýanymda jemi ýigrimi alty ýyl ýaşady. Onuň soňra näçe ýyl ýaşanyny bilmedim, ýöne Braziliýada totyguşlaryň ýüz ýyl ýaşaýandygyny eşidipdim. Meniň köpegim bolsa, on alty ýyllap örän mähirli hem-de wepaly ýoldaş boldy we ahyrsoňunda diş-dyrnakdan aýrylyp,

garrap, öz ajalyna öldi. Pişiklerim barada aýtsam, olar şeýlebir köpelipdiler welin, barja azyk-owkadymy ogurlap, dökän-saçan edip, halys ulukjyn açýardylar. Onsoň olaryň birentegini tüpeňläp, ýoguna ýanmaly bolupdym. Gämiden getiren pişiklerimiň ikisi-de ölensoň, galan pişikleri elime ilen zat bilen ýelmäp, kowalap, aç saklap ýöremsoň, ahyrsoňy olar hezil bermejegime düşünip, howludan gaçyp, tokaýy mesgen tutundylar. Emma men olaryň arasyndan iküç sany gowy görýänje pişijigimi özüme öwrenişdirip alyp galypdym. Ojagazlar meniň maşgalama goşulyşyp gitdiler. Ondan başga, men ýanymda elmydama iküç sany owlajyk hem saklaýardym, olary öz elim bilen iýmläp, öwrenişdirýärdim. Onsoň meniň ýene-de iki sany totyguşum hem bardy, olaryň ikisem gowy gepläp, «Robinzon Kruzo» diýip bilýärdi, ýöne Totujanyň gepleýşi bir başgady. Täze totyguşlarym bilen edil Totujama gyzyklanyşym ýaly gyzyklanmadym. Adada ýaşan döwrümde haýsy görnüşe degişlidigi näbelli birnäçe deňiz guşuny tutup eldekileşdirdim. Uçup ötägitmezleri ýaly, birbada olaryň ganatlaryny gyrkdym. Howlymyň daş ýüzüne oturdan şahajyklarym gol ýaýradyp, goýry kölegeli gür tokaýjyga öwrülipdi. Öýdeçi bolan guşlarym şol agaçlaryň pessejik şahalarynda uçup-gonup, höwürtgeläp, ýaşap ýördüler. Bu ýakymly görnüş meniň göwnümi göterýärdi. Şeýlelikde, ýabanylaryň eline düşmek gorkusyny hasap etmeseň, onda men öz halymdan hoşal bolup, messan gezip, gurgun ýaşap ýördüm.

Emma meniň täleýim başgaça ýazylan ekeni; başymdan geçen şu hekaýat bilen tanşan her bir okyjy şeýle netijä gelse nädogry bolmaz. Biz ömürboýy elhenç gorkudan gaça dursak-da, başymyzdan inýän käbir agyr külpetler köplenç halatda biziň halas bolmagymyza ýol açýar we şolaryň üsti bilen kynçylyklardan baş alyp çykýarys. Men bu hakykata öz ömrümden gaty köp mysal getirip bilerin. Ylaýta-da, adadaky sopbaş durmuşymyň soňky ýyllarynda başdan geçiren wakalarym örän täsin boldy.

Şeýlelikde, adadaky ýigrimi üçünji ýylymyň dekabr aýy hem gelip ýetdi. Günorta ýarymşarda Günüň gyşky säginişi başlapdy (howa tüp yssy bolansoň, gyş düşdi diýmegem geňräkdi). Diýmek, biliňi berk guşap, orak möwsümine başlamalydy. Ençeme günläp ekinli atyzlara gatnap, zähmet çekmelidi. Men şol günleriň birinde daň bilen öýden çykyp, atyza bakan ugradym. Birdenkä, menden iki mil töweregi uzakda, adanyň kenarynda, onda-da ýabanylaryň ot ýakýan ýerinde däl-de, eýsem, meniň ýaşaýan tarapymda, ullakan oduň ýanyp gübürdäp durandygyna gözüm düşdi. Men edil serpmeden gaýdan ýaly boldum. Onki süňňüm birden gowşap, yza gaçyp, özümi howlynyň daş ýüzündäki tokaýjyga urdum-da, göze ilmejek bolup, ýere ýapyrylyp ýatdym. Ýöne men tokaýjygyň içinde-de özümi arkaýyn duýmadym. «Ýabanylar adada sümsünişip, birdenkä, arpaly meýdanyň üstünden baraýsa, orlan ýerleri, eden işlerimi, abzal-gurallarymy göräýse, olar derrew bu ýerde adam ýaşaýandygyna düşünerler, onsoň meni tapman goýmazlar» diýip sandyr-sandyr edýärdim. Men şol alas-gopaslyk bilen bukdaklap, öz galajygyma tarap eňdim. Diwardan aşamsoň, göze dürtülip durmasyn diýip, merduwany ýokaryk galdyrdym. Soňra howludaky zatlary hasyr-husur ykjamlap, goranyşa taýýarlanmaga başladym. Men daşarky diwaryň atyşhanasyna ýerleşdirilgi toplarymyň hemmesine ok salyşdyrdym (gözaralarda duran muşketlerimi şeýle atlandyrýardym). Sapançalarymy

häzirledim we ýetişibildigimden Hudaýy çagyryp, Ondan medet diläp, ýabanylar bilen iň soňky demime çenli söweşmegi ýüregime düwdüm. Men şeýdip, iki sagat çemesi sarysadylla bolup garaşdym, ýöne «bar, gör» diýmäge aňtawçylarym ýokdy. Şonuň üçinem daşarda nämeler bolup geçýändigini aňşyryp bilmän, ikibaka zowzanaklaýardym.

Soňra men ýene birsellem oturyp, indi näme edip-näme goýjagym hakda göwnüme geňeşdim. Kenarda nähili tomaşa turýanyndan bihabar, garaşyp oturmaga takatym ýetjek däldi. Onsoň gaýanyň gapdalyndan çykyp duran tekiz ýere merduwany söýedim-de, ýokaryk çykyp, merduwany ýokaryk çekdim. Soňra ony indiki ýapgyda söýäp, gaýanyň depesine münäge-de, şobada ýere süýndüm. Uzyn dürbimi elime alyp, kenardaky gybyr-zybry synlamaga durdum. Şonda, kiçiräk oduň daşynda döwre gurap oturan dokuz çemesi ýalaňaç ýabana gözüm düşdi. Olaryň ody ýylanmak üçin ýakmandyklary görnüp durdy. Sebäbi naýza boýy asmana galan Günüň howry eýýäm ýakyp-ýandyryp barýardy. Çaky, ýabanylar, öli ýa-da diridigini aýdyp biljek däl, ýöne bir adamy äkelip, onuň etini çişe düzüp, wagşyýana meýlis gurmaga taýýarlanýan bolarly.

Adamhorlar iki sany gaýykda gelipdirler we gaýyklary kenara çykaryp goýupdyrlar. Şol wagt daşgyn dowam edýändigi sebäpli, göwnüme bolmasa, olar yzlaryna dolanmak üçin gaýtgyna garaşýan bolmalydy. Bu ahwalaty görüp, meniň elimi-aýagymy ýitirişimi göz öňüne getirmek aňsat bolmasa gerek. Ylaýta-da, ýabanylaryň ýerden çykan ýaly bolup, adanyň bu kenarynda, ýaşaýan ýerimiň golaýynda peýda bolmagy meni juda aljyradypdy. Emma olaryň bu ýere diňe daşgyn wagtynda köwlenýändigi kelläme gelen pursadynda, men birazajyk ynjaldym. Diýmek, ýabanylar daşgyndan öň gelmedik bolsa, onda men daşgyn dowam edýärkä hiç zatdan gypynç etmän gezip biljekdim. Şoňa göz ýetirenimden soň, men ýene-de arkaýyn orak ormak bilen meşgullanmaga başladym.

Bar zat edil çak edişim ýaly hem boldy: günbatarlygyna tarap gaýtgyn başlady welin, olar gaýyklaryny kürekläp, uzaklaşmak bilen boldular. Wah, huşum gursun, ýadymdan çykaýypdyr — ýabanylar ýola düşmezden birki sagat ozal, haba-baýlaşyp, maýmyn bolşup, şeýlebir tans etdiler welin, uzyn dürbim bilen olaryň oturyp-turup, towsaklaýyşlaryny, hereketlerini saýgaryp bolýardy. Mazaly çiňerilip, dürbimiň içine giräýjek bolup bir seretdim welin, olar her hili hereketleri edip, çuw-ýalaňaç bökjekleşip ýören bolsalar nätjek. Ýöne olaryň haýsynyň erkek, haýsynyň aýal jynsdandygyny seljermek mümkin däldi.

Olaryň ýola düşüp, daşlaşanyny gören dessime, men hasyr-husur iki sany tüpeňimi egnime atyp, guşagyma iki sany sapança gysdyrdym-da, gynsyz gamamy bilimden asyp, ýabanylary ilki gören baýyrlygyma tarap ýöneldim. Men ok-ýaraglaryň agyrlygyndan ýaňa, has-has edip, baýryň ýanyna ýetýänçäm, iki sagat dagy geçdimikä diýýän. Baýryň depesine dyrmaşyp, alyslara esewan edenimde, hälki görenimden başga ýene-de üç sany gaýygyň gelendigine düşündim. Şolary hasap edeniňde, jemi bäş sany gaýyk alysdaky guryýer bölegine bakan ýüzüp barýar eken. Bu diýseň elhenç görnüşdi. Men deňziň ýakasyna baryp ýetenimde, adamhorlaryň eden ýigrenji etmişiniň gorkunç yzlaryna, ol näkesleriň gülüp-oýnap, parçalap iýen

adamlaryndan galan gan yzlaryna, gemrilen süňklere we et böleklerine gözüm düşdi. Bulary görüp, men şeýlebir gahar-gazaba mündüm welin, kim bolsa-da, näçe köplük bolsa-da, indi şu ýerik geljek wagşylary palaç ýatyran ýaly etmegiň najadyny gözläp başladym.

Ýabanylaryň bu ýere örän seýrek gelýändigi maňa äşgär görnüp durdy, çünki öňki gezek gelenlerinden bäri on bäş aýdan gowrak wagt geçipdi, has dogrusy, tutuş şol döwrüň dowamynda men olaryň ne özlerini görüpdim, ne-de aýak yzlaryna, alamatlaryna duş gelipdim. Diýmek, olar ýagyşly möwsümde ýüzüşe çykmaýardylar. Çyksalar hem munça daş ýere gelmeýärdiler. Şonda-da şol on bäş aýyň dowamynda «häli gelerler, şindi gelerler» diýip, edil awa salynjak tazy ýaly bolup gezdim. Şonça wagtlap bir erbetlige garaşyp oturmagyň şol erbetlige sezewar bolanyňdan has kyndygyna, onda-da şol garaşmany ýa-da gorkulary beýniňden aýryp bilmeseň, onuň has-da agyr täsir edýändigine düşündim.

Şondan soň otursam-tursam, gan dökmegiň hyýalynda gezdim, has peýdaly işlere sarp edip boljak boş wagtymyň köpüsini indiki sapar olary nähili aňňalak gapdyryp, paýhynlajakdygym, esasan-da, soňky gezek gelenlerindäki ýaly iki topara bölünseler, haýsy sapalaga ýüz urmaly boljakdygym barada pikirlenip geçirdim. Ýabanylaryň on, onki adamlyk bir toparyny gyrsam, ertesi gün, indiki hepde ýa-da indiki aý başga bir topary, onsoň ýene bir topary, şeýde-şeýde, tä olaryň tohum-tiji tükenýänçä, gyrtutuş bolup ýörjekdigim we ganhorlukda olardan bäş beter ozdurjakdygym hakyndaky pikirler kelläme-de gelmeýärdi.

Meniň günlerim hemişe galagoply, howsalaly ýagdaýda geçýärdi. Iru-giç şol rehimsiz wagşylaryň eline düşerin öýdüp, takga janym çykaýjak bolýardy. Men setanda-seýranda daşaryk çykmaga ýürek eden wagtymda iňňän seresaplylyk bilen daş-töweregimi synlap, üşerilip ýöreýärdim. Indi men öýdeçi geçi sürimiň bardygyna begenip, iki bolup bilmeýärdim, sebäbi ýabanylaryň ünsüni çekmejek bolup, ylaýta-da, olaryň gelip düşleýän kenarynyň golaý-goltumynda, hiç hili tüpeň atyp bilmeýärdim. Bardy-geldi, olar tüpeň sesinden gorkup, gaçyp gidäýenlerinde-de, barybir, ýene birnäçe günden olaryň iki ýüz, üç ýüz sany gaýyk bolup, dolanyp geljekleri ikuçsuzdy. Onsoň maňa nämäniň garaşýandygam bellidi.

Emma olary görýänçäm, ýene bir ýyl üç aý garaşmaly boldum, bu barada men bahym gürrüň bermekçi. Olaryň şol arada birki sapar gelip-giden bolmaklaram ähtimal, ýöne olar, belkem, uzak eglenen däldirler ýa-da men görmän galandyryn. Emma welin, şu ada gelip düşenimiň ýigrimi dördünji ýyly, eger hasabym dogry bolsa, maý aýynda men ýabanylar bilen örän täsin ýagdaýda ýüzbe-ýüz boldum. O gürrüňi size, ýeri gelende, aýdyp bererin.

Şol on bäş aýyň dowamynda meniň beýnimi biçak uly galagoplyk gaplap alypdy. Uklap mazam ýok, uklaýsam, elhenç düýşler görýärin we ýarygije allaniçigsi bolup, ýalpa gözümi açýaryn. Gündizlerine halys ugrumy ýitirip, akylym çaşýardy. Gijelerine, köplenç, düýşümde ýabanylary öldürýärdim, olary näme üçin öldürendigimi düşündirjek bolup kösenýärdim.

Ýöne häzirlikçe başga bir wakany gürrüň bereýin. Maý aýynyň ortalarynda, eger meniň gün hasabyny ýöredýän köneje agaç kalendaryma ynansag-a, onda maý

aýynyň hut 16-sy günüdi. Şol gün gök gübürdäp, ýyldyrym çakyp, güýçli tupan turdy. Gije tupan has-da güýjäp, beterine tutdy. Men öýümde özbaşyma gümra bolup, Injil okap, häzirki ýagdaýym barada çynlakaý pikirlere gümra bolup otyrdym. Birdenkä, göwnüme bolmasa, deňiz tarapdan top sesini eşiden ýaly boldum.
Şübhesiz, ol öň duş gelen garaşylmadyk wakalardan düýpgöter üýtgeşik täsinlikdi, sebäbi top sesi mende has başgaça duýgular döredipdi. Men ýerimden atylyp turdumda, gaýanyň somalyp çykyp duran ýerine göz açyp-ýumasy salymda merduwany söýäp, ýokaryk dyrmaşyp ugradym. Ol ýere münenim hem şoldy welin, uzakdaky tümlükde ot ýalpyldap gitdi-de, ýene ýarym minutdan topuň ikinji gezek atylan sesi eşidildi. Men gümmürdiniň gelen tarapyndan çen urup, topuň meniň gaýygymyň akyma düşen ýerinden, deňizden atylandygyny bildim. Şobada: «Bir gämi heläk bolup barýandyr, gapdaly bilen gelýän başga bir gämiden kömek sorap top atýandyr» diýip çakladym. Şol jygba-jyg pursatda sowukganlylygy elden bermän: «Meniň olara haraýym ýetmese-de, olaryň maňa kömegi degse gerek» diýip oýlandym. Onsoň men haýdaşlap, şol töwerekdäki gury şahalardan ýygnap bilenimi ýygnadym-da, gaýanyň çürbaşynda ullakan küde ýasap, oňa ot berdim. Gury odunlar şatyrdap, derrew tutaşdy. Hazlap öwüsýän ýeliň ýelginine garamazdan, ot gübürdäp ýanmaga başlady. Eger deňizde, hakykatdan-da, gämi bar bolsa, onda gämidäkiler meniň ýakan odumy hökman göräýmelidi. Ol şeýle hem boldy, sebäbi ullakan alawlar asmana uzalyp başlan badyna, ilki bir gezek, soňra bolsa yzly-yzyna telim gezek gümmürdäp top atyldy. Olaryň barysy hem şol bir ýerden atylýardy. Men uzakly gije, tä daň atyp, gün dogýança, ody öçürmän sakladym. Jahan mazaly ýagtylyp, asmanyň ýüzi açylansoň, örän alysda, adanyň göni gündogar tarapynda, gäminiň ýelkenimi, göwresimi, garaz, bir zada gözüm düşdi. Dürbim bilen şunça synlasam-da, deňziň ýüzüni perdeläp duran ümür zerarly, onuň nämedigini saýgarar dagy eder ýaly däldi. Aralyk juda daşdy.
Men uzakly gün deňizdäki şol garam-guramy synladym we onuň hereketsiz durandygyny aňladym. Şoňa görä-de, men ol labyr atan gämidir diýen netijä geldim hem-de onuň nämedigini biljek bolup, elime tüpeňimi alyp, adanyň günorta tarapyna, meni akymyň alyp gaçan gaýalygyna tarap ýüwürdim. Ol ýere baranymda, eýýäm ümür syrylyp, howa gowy açylypdy. Deňze tarap äňeden mahalym, gaýykly akyp giden gezegimde maňa duş gelen suwasty gaýalara urlup, ýarygije gark bolan bir gäminiň suduryna gözüm düşüp, ýüregim awap gitdi. Şol ýerdäki suwasty gaýalyklar akymyň badyny saklap, nähilidir bir garşydaş akym döredýärdi. Hut şol garşydaş akymyň kömegi bilen men ömrümdäki iň bir çykgynsyz ýagdaýdan sag-aman sypypdym.
Gör-ä muny, birini halas eden zat başga birini heläk edýär. Çaklaýşyma görä, ol adamlar özleriniň nirededigini bilmän, gündogar-demirgazykdan öwüsýän gazaply şemalyň ýelginine düşüp, suwuň aşagynda ýatan gaýalyklara gelip süsdürilen bolmaly. Eger-de gämidäkiler adany gören bolsady (olar görmedimikä diýýän), onda olar deňze gaýyk goýberip, kenara çykmaga synanyşardylar. Ýöne meniň ýakan odumy görüp, olaryň top atyp, kömek soramagy welin kellämde bir topar sorag döretdi. Ilkibaşda, men olaryň ody gören batlaryna gaýyga münüp, kenara çykmaga

synanyşandyklaryny, ýöne äpet gomlaryň aşagyna düşüp, gark bolandyklaryny göz öňüne getirdim. Soňra bolsa, gämi heläkçilige uçran mahaly, olar gaýyklaryny ýitiren bolaýmasyn diýen pikir kelläme geldi. Munuň her dürli sebäpleri bolup bilýärdi, meselem, deňiz gomlary çendenaşa güýçlenip, gämi ikibaka hallan atyp ugranda, kähalatlarda deňizçileriň gämidäki gaýyklary paltalap döwüp ýa-da bortdan aşyryp goýbermelerem bar. Belkem, gark bolan gäminiň yzy bilen başga-da gämiler gelýändir-de, olar bu gämiden atylýan howsalaly top seslerini eşidip, heläkçilige uçranlaryň barysyny eýýämhaçan alyp gidendirler. Ýa-da bolmasa, gämidäkileriň bary gaýyga münüp, açyk deňze çykandyr we edil meniň bolşum ýaly, akym ugruna ummanyň jümmüşine ygyp gidendir. Elbetde, o ýerde olara şum ajal gol bulaýardy. Belki, olar şu wagt açlykdan ýaňa ölere gelip, birek-biregiň etini çeýnemäge taýýarlanýandyrlar.

Bularyň barysy hälki bir çaklamady. Meniň ol görgülilere gynanyp, ýüregim awamakdan başga elimden geljek zat ýokdy. Şeýle-de bolsa, ol waka mende oňyn täsir hem galdyrdy. Şu gussaly ýaşaýşymda-da gursagyma şatlyk bilen rahatlyk guýýan Beýik Ýaradana bolan şükrana yhlasym barha we barha güýçlendi. Sebäbi dünýäniň şu çet künjeginde heläk bolan gämidäkilerden bir menden başga halas bolan adam ýok. Men şu ahwalatda bir zada magat göz ýetirdim: biz hernäçe çekip-çydap bolmajak agyr ýagdaýa düşsek-de, özümizden has egbar ýagdaýdakylara seretmelidiris. Şonda Biribaryň bizi nähili gorap, hemaýat berýändigine göz ýetirip, şükür etmeli.

Bu gämidäkileriň ykbaly hem şeýle bolan bolmaly: olaryň aman galandygy barada pikirlenmegem mümkin däl. Golaýdan geçip barýan başga bir gämi halas edendir diýäýmeseň, hernäçe ýagşy niýetde bolsam-da, olaryň barysynyň deňizde gark bolandygyna ynanmazlyk üçin hiç hili esas görünmeýärdi. Olaryň başga gämä münmek ähtimallygam juda ujypsyz, çünki kenarda başga bir gämiden alamat göze ilmeýärdi.

Gäminiň beýdip gözgülban halda çaýkanyp ýatyşyna garap, özümde dörän gamgyn duýgulary düşündirmäge söz tapyp bilmeýärin. Men hyrçymy dişläp, birden-birden samraýardym: «Wah, arman, şu gämiden birki sany, ýok, ýok, iň bolmanda, ýekeje adam diri sypan bolsady. Ol maňa ýoldaş bolardy, oturyp gepleşerdik, iç döküşerdik». Terkidünýälikde geçiren ýyllarymyň dowamynda men adamlar bilen gürleşmegi şol wagtkym ýaly küýsäp, şeýle ahmyr çekip nalamandym.

Adamyň duýgularynda üns berilýän ýa-da üns berilmese-de, göz öňüne getirmek arkaly hyýalyňda janlanýan, bellibir maksada tarap syrygýan gizlin çeşmeler bolýar. Şeýle ýagdaýlarda ruhumyz hyýalymyzdaky maksada öwrülen şol närsäni şeýlebir hyjuw bilen bagryna basýar welin, şol närsäniň ýoklugy soňra biziň üçin uwnup-çydap bolmajak gam-gussa dönýär.

Iň bolmanda, ýekeje deňizçiniň halas bolmagyny islemegem şonuň ýaly arzuwdy. «Käşgä, ýekeje adam diri galan bolsady». Lap edip aýtdygym däl, «Ýekeje adam diri galan bolsady» diýen şol jümläni müň gezek gaýtalandyryn. Men şol sözleri hümürdeýärkäm, şeýlebir tolgunýardym welin, ýumruklarym berk düwlüp, barmaklarym elimiň aýalaryna girerli görünýärdi. Şol wagt gysymymda ýumşagrak

bir zat bolan bolsady, onda ol gürrüňsiz kül-owram bolardy. Men dişlerimi şeýlebir gysypdyryn welin, esli salym äňimi hem açyp bilmedim.
Bolup geçýän şeýle hadysalaryň sebäplerini, aýratynlyklaryny derňäp öwrenmegi tebigatşynas alymlara goýalyň. Meniň bular barada aýdyp biljek ýeke zadym bar. Şol duýgynyň näme sebäpli ýüze çykýandygyny bilmesem-de, ilkinji duş gelenimde, ol meni aňk edip goýupdy. Şübhesiz, bu ahwalat özüm ýaly hristian adam bilen hal-ahwal soraşyp, gürrüňdeş bolmakdan dörejek teselliniň aňyma berk ornaşandygyndan hem-de şol arzuwymyň biçak güýçli bolandygyndandyr.
Emma ol arzuwym puç bolupdy. Ýa olaryň, ýa meniň ýa-da hem olaryň, hem-de meniň täleýim muňa ýol bermändi. Men adadaky durmuşymyň iň soňky ýylyna çenli şol gämiden halas bolan adamyň bardygyny-ýokdugyny anyklap bilmedim. Ýöne şol wakadan birnäçe gün geçensoň, gäminiň heläk bolan ýeriniň gabadyndaky kenarýakada gark bolan bir oglanjygyň jesedine duş gelip, men örän gynandym. Onuň egninde deňizçi keltekçesinden, dyzyna ýetip duran kendir jalbar bilen gök reňkli kendir köýnekden başga hiç zat ýokdy. Oglanjygyň haýsy milletdendigini anyklap boljak alamat gözüme ilmedi. Onuň jübüsinden iki sany piastr bilen bir şybyk tapdym. Men ol şybygy piastrlardan on esse eý gördüm.
Howa doly açyldy. Men töwekgelçilik edip, gaýygym bilen gämä baryp görmegi ýüregime düwdüm. Gämide meniň derdime ýaraýjak aňry-bäriniň tapyljagyna gözüm ýetikdi. Emma, aslynda, meni gämä gitmäge mejbur edýän zat: «Gämide, belki, diri galan adam bardyr» diýen inçejik tamady. Eger şeýle bolsa, men diňe ony halas etmän, eýsem, özüme ýoldaş edindigim boljakdy. Şol pikir meniň ýüregimi heýjana salýardy. Indi gaýygyma münüp, gark bolan gämä baryp görmesem, gije-gündiz maňa ýatuw bolmajagy bellidi. Göze görünmeýän bir ýerden gelene çalym edýän şol duýgym şeýlebir güýçlüdi welin, oňa garşy durmak mümkin däldi. Şeýle bolansoň, men Biribary çagyryp, ýüzüşiň hyýalyna münüpdim.
Şol täsiriň itergisi bilen, men öz galajygyma bakan howlukdym. Ýüzüş wagty gerek boljak ähli zatlary taýýarlamaga girişdim. Men ýanyma biraz çörek, bir hum küýze süýji suw, ugur kesgitlemek üçin kompas, bir çüýşe rom (olar ammarda üýşüp ýatyrdy) hem-de bir sebet kişmiş aldym. Şeýlelikde, men mazaly ýükümi tutup, gaýygyma tarap ýola düşdüm. Kenarýaka baryp, gaýygyň içindäki suwy serpip aýyrdym-da, ony deňze goýberdim. Onsoň bar goşumy gaýyga daşap, ýene ýük getirmek üçin öýüme dolandym. Bu gezek men bir halta tüwi, saýawan, ýene-de bir suwly küýze, ýigrimi bäş töweregi kiçijik çörek, has dogrusy, arpa külçe hem-de bir çüýşe geçi süýdi bilen bir tokga peýnir alyp gaýtdym. Bularyň barysyny gaýyga eltýänçäm, garasuw bolup, juda kösendim. Men Biribardan ak ýol diläp, ýüzüşe başladym. Kenary syryp, ahyrsoňy adanyň demirgazyk-gündogar tarapyndaky iň çetki nokada baryp ýetdim. Indi şondan aňyrlygyna, açyk ummana çykmalydy. Men töwekgelçilik etsemmikäm-etmesemmikäm diýip, böwrüme diň saldym. Şonda, hol öňräkde, adanyň iki tarapyndanam çasly akýan güýçli akymlara seredenimde, ozal ýüzbe-ýüz bolan howply ýagdaýym güpbe ýadyma düşdi-de, öňki gorkularym ör-boýuna galdy. Sebäbi şol akymlaryň islendik birine düşäýsem, ummanyň jümmüşine

tarap akyp gitjegim, belkem, ýene-de adany gözden ýitirjegim, onsoň sähel gaý turdugy, çaklaňja gaýygymyň suwa gapgaryljagy görnüp durdy.

Bu pikir kellämi şeýlebir çaşyrdy welin, men bar zady goýbolsun etmäge hyýallandym. Gaýygymy kenara ýanaşdyryp, bir duralgajykda daňdym. Onsoň gaýykdan düşdüm-de, tümmek çägeligiň üstünde çök düşüp oturdym. Ýüzüş baradaky höwes bilen gorkynyň arasynda göwnüm bölünip, agyr oýa batdym. Pikir ýumagyny çözläp oturyşyma, deňizde daşgyn başlap, suwuň göterilenini hem duýman galypdyryn. Indi deňze çykmak üçin ýene birnäçe sagat garaşmaly boljakdy. Şol mahal beýigräk bir depä çykyp, daşgyn wagtynda akymlaryň ugrunyň nähili üýtgeýändigini synlamak pikiri kelläme geldi. Dogrudan-da, haýsy akymyň haçan gämä çenli äkidip, haýsy akymyň haçan gämiden ada çenli alyp gaýtjakdygyny kesgitlemek mümkindi. Şu pikir kelläme gelen badyna, adanyň iki tarapyna-da abanyp oturan bir depä gözüm düşdi. Şo taýdan daşgyn mahaly akymlaryň haýsy ugra gönügýändigini mese-mälim görüp, gaýdyşyn haýsy ugry saýlap almalydygyny anyklasa boljakdy. Men depä dyrmaşyp, ummana esewan edenimde, gaýtgyn akymynyň günorta kenaryň, daşgyn akymynyň bolsa demirgazyk kenaryň golaýyndan geçýändigine göz ýetirdim. Gaýdyşyn diňe demirgazyk kenary nazarlap ýüzmelidigime düşündim. Ol tüýs meniň oňarjak zadymdy.

Men şu açyşdan ruhlanyp, ertesi ir bilen gaýtgyn başlan dessine ýola düşmegi ýüregime düwdüm. Soňra şinelimi ýapynyp, gijäni gaýygymda ýatyp geçirdim we ir bilen deňze ýüzüşe çykdym. Ilkibaşda gaýygymy göni demirgazyga tarap gönükdirdim we gündogara tarap akýan akyma baryp düşýänçäm, şol ugur boýunça ýüzdüm. Ol akym meni diýseň çalt äkidip başlady, ýöne onuň bady öňki sapar tiz akdyryp, gaýygy dolandyrmagyma päsgel beren günorta akymyň bady ýaly güýçli däldi. Men küregimi edil dolandyryjy dest ýaly ulanyp, göni gämä tarap okgunly barýardym. Iki sagada ýetip-ýetmän, gäminiň alkymyna bardym.

Gämi diýseň gözgyny haldady. Gurluşy boýunça ispanlaryňka çalym edýän ol gämi iki sany gaýanyň aralygyna pugta gysylyp durdy. Deňiz gäminiň yzky bölegini durşuna dyr-pytrak edipdir. Ýokarky palubanyň burun tarapy zarp bilen gaýalara süsňäp urupdyr-da, grot-bogaldak bilen fok-bogaldak jorta omrulyp, palubanyň üstünden gaýdypdyr. Ýöne gäminiň buşpriti abat eken, gäminiň burun bölegiňiň ýagdaýy hem ganymat görünýärdi. Men gämä ýakynlaşan wagtym, palubanyň üstünde bir it peýda boldy. Ol meniň gelýänimi görüp, waňkyryp çyňsamaga başlady. Meniň el bulanymy gören dessine, ol it özüni suwa oklap, maňa tarap ýüzüp gaýtdy. Men ony derrew gaýyga mündürdim. Ol janawar açlykdan-suwsuzlykdan ýaňa tas ölen eken. Men onuň öňüne bir külçejik okladym welin, ol edil gyşyň aýazynda aç seňkildän möjek ýaly bolup, külçäni lak-luk atdy. Men oňa azajyk suw içirdim. Öz erkine goýsaň, ol görgülijik ýarylýança suwdan ganjak däldi.

Soňra men gäminiň üstüne mündüm. Ilki bilen gözüme ilen zat — gark bolan iki sany adamyň jesedi boldy. Olar kambuzyň içinde bir-birine mäkäm gyslyşyp ýatyrdy. Men: «Gämi gaýalaryň arasynda gapjalyp galan mahaly, gaý-tupanyň möwç alýandygy sebäpli, deňiz yzygiderli göterilendir we äpet gomlar üznüksiz eňterilip duransoň, gämi edil suwuň aşagyna giden ýaly, agzy-burny bilen suwdan dolandyr-

da, ondaky adamlar nalaç gark bolandyr» diýen netijä geldim (hakykatdan-da, şol pikiriň jany bardy). Gämide ýaňky itden başga diri jandar galmandyr. Gözüme ilen harytlaryň barysy suwa ezilip, harap bolupdyr. Deňiz peselendigi sebäpli, trýumda çakyrmy, brendimi, garaz, nämedigi näbelli birgiden içgi guýlan çelekleriň togarlanyşyp ýatanyny görmek bolýardy. Ol çelekler şeýlebir mähnetdi welin, iş edineniňe degjek däldi. Ol ýerde birnäçe sandyk hem bardy. Men olar deňizçileriňkidir diýip çak etdim-de, içinde näme bardygyna-da seretmän, iki sanysyny gaýygyma ýükledim.

Eger gäminiň yzky bölegi bilen burun tarapyny ýaňadan abatlap bolsady, onda, ähtimal, ony ýüzdürip äkidip, tütjar baý bolardym. Sebäbi gaýyga oklan iki sany sandygymdan çykan zatlara seretseň, gämide örän köp genji-hazyna bolmalydy. Gäminiň ugrundan çen tutsaň, onda ol Günorta Amerikadan, Braziliýanyň aňyrsyndaky Buenos-Aýres ýa-da Riodela-Plata şäherinden gelip, Gawanna ýa-da Meksika aýlagyna, ol ýerdenem Ispaniýa barýan bolmalydy. Gürrüňsiz, gämi örän köp hazyna äkidip barýan bolmalydy, ýöne heläkçilik wagtynda onuň hiç kime nepi degmändir. Gämidäki adamlara näme bolanynam bir Hudaý bilýärdi.

Men sandyklardan başga-da, spirtli içgiden doly kiçeňräk çelejik tapdym. Onuň göwrümi ýigrimi gallon töweregi bolsa-da, barybir, hyklap-çoklap, gaýyga eltýänçäm, hupbat baryny berdi. Kaýutada birnäçe muşket hem-de içi ýörite därili şah bar eken. Gerek bolmansoň, muşketleri goýdum-da, därili şahy aldym. Zerur bolansoň, gyzgyn kömürleri agdarmak üçin bir kepje bilen bir sany atyşgir, olardan başga-da, sary misden ýasalan iki sany gazanjyk, kakao gaýnadyp, süýjülik ýasanar ýaly bir mis golça hem-de kakmaç bişirmek üçin bir maňňal aldym. Oňa çenli daşgyn hem başlady. Onsoň men ýaňky sanan ýüklerim bilen iti alyp, öýe tarap gaýykly ýüzüp gaýtdym. Gije sagat bir bolanda, halys surnugyp, sütünim süýnüp, ada dolanyp geldim.

Gijäni gaýykda ýatyp geçirdim, irden bolsa, ýanymdaky oljalary galajygyma däl-de, täze tapan gowagyma daşamagy ýüregime düwdüm. Ertirlik edinenimden soňra, gaýykdaky ýükleriň barysyny kenara düşürdim we olary birujundan gözden geçirip ugradym. Çelejigiň içinde rom bar ekeni, ýöne gönüläp aýtsam, ol Braziliýada içilýän rom bilen deňäniňde, hälki bir ýuwundy ýalydy. Sandyklardan welin, tüýs derdime ýaraýjak zatlary tapdym, meselem, olaryň birinde uçursyz owadan, nepis nagyşlar bilen sünnälenip ýasalan, çüýşe salynýan gapyrjak bar eken. Gutynyň içindäki lowurdaşyp duran çüýşelere her dürli ajaýyp içgiler guýlupdyr. Her çüýşäniň daşyna kümüş çaýylandy. Soňra iki guty mürepbe hem tapdym. Gutularyň gapagy jebis ýapylansoň, deňziň şor suwuny geçirmän saklapdyr. Emma başga iki sany gutynyň içine suw girip, mürepbeleri zer-zaýa edipdir. Men birnäçe oňat köýnek tapyp, örän begendim. Ondan başga-da, on bäş-ýigrimi sany ak reňkli kendir elýaglyk bilen her dürli reňkli boýunatgyçlar hem bar eken. Howanyň yssy günlerinde ýüzümiň derini sylmak üçin ol boýunatgyçlar tüýs jüpüne düşüpdi. Sandygyň düýbüne ýetenimde, üç sany ullakan pully haltanyň durandygyna gözüm düşdi. Olarda jemi bir ýüz piastr bar eken. Haltalaryň birinden kagyza dolangy alty sany altyn dublon bilen, jemi agramy, takmynan, bir funta barabar guýma altyn çykdy.

Beýleki sandykdan çykan horaşaja geýim-gejimler onçakly däldi. Megerem, ol sandyk gäminiň topçusynyň şägirdine degişli bolmalydy. Onuň içinden, gerek bolan wagty, aw tüpeňlerine guýmak üçin niýetlenip, üç sany haltajyga guýlup goýlan iki funt töweregi oňat däri çykdy. Gepiň tümmegi, bu gezekde alyp gaýdan goşlarymyň arasynda derdime ýarajak zat örän az boldy. Pul barada aýtsam, ony sowar ýaly ýer ýokdy. Men teňňe-tyllany aýagyma ýelmeşen palçykça-da görmedim. Indi ençeme ýyl aýagyma degmedik üç-dört jübüt iňlis aýakgaby hem-de joraby üçin, men şol pullary başybitin bermäge taýýardym. Dogrusy, gämide ölüp ýatan iki sany adamyň aýagyndan çykaryp alan iki jübüt aýakgabym bardy. Sandyklaryň birindenem ýene iki sany aýakgap tapypdym. Elbetde, olar meniň gözüme degdi, ýöne ýumşak çaryga çalymdaş ol aýakgaplar rahatlygy, berkligi boýunça iňlis aýakgaplarynyň ýele ýanyndanam geçmeýärdi. Sandykdan ýene-de elli töweregi teňňe pul çykdy, ýöne olar altyn däl eken. Ähtimal, bu sandyk pukara bir adamyňkydyr. Beýlekisi bolsa, haýsydyr bir serkerdäniňki bolmalydy.

Gepi uzaldyp oturmaýyn, men ol teňňeleri aldym-da, edil öňki gämiden alan pullarym ýaly, gowagyň bir künjüne eltip taşladym. Emma, aýdyşym ýaly, gäminiň yzky böleginde nesibämiň bolmandygyna gynandym. Ýogsam, gaýykly birnäçe gezek gatnap, ep-esli tylla-teňňäni gowagyma basyp goýardym. Onsoň, bardy-geldi, Angliýa özümi atyp bilsem, onda tä yzyma dolanyp alyp gidýänçäm, ol hazyna gowagymda başbitin durjakdy.

## XIV bap

Şol goş-golamlaryň barysyny gizlin gowaga daşanymdan soň, täzeden gaýygyň ýanyna dolanyp geldim. Gaýygy küreкläp, adanyň ýakasyny syryp gitdim-de, ony öňki duralgasyna eltip goýdum. Soňra göni öýüme tarap gaýtdym. Ol ýerde bar zat asuda, gülala-güllük ekeni. Onsoň men dem-dynjymy alyp, ýene öňki parahat durmuşyma girişdim we hojalyk işleri bilen gyzyklanyp ugradym. Men birnäçe wagt örän imisala ýaşadym. Ýöne indi öňküden has ätiýaçly hereket edýärdim, daşaryk kän çykmaýardym we daş-töweregimi has hüşgärlik bilen synlaýardym. Käte-käte gezelenje çykasym gelende, hemişe diýen ýaly adanyň gündogar tarapyna gidýärdim. Sebäbi ol ýere ýabanylaryň aýak sekmeýändigine edil bäş barmagym ýaly beletdim. Şonuň üçinem, adanyň beýleki künjeklerine gidenimde bolşy ýaly, elmydama ýanym bilen tüpeňdir ok-däri göterip ýörmeli bolmaýardym, gereginden artyk seresaplylyk hem etmeýärdim.

Men ýene iki ýyly şeýdip geçirdim, ýöne ömürboýy ýagyr bolup ýaşamak üçin dünýä inendigimi ýatladyp duran şu garamaňlaý kelläme, şol iki ýylyň dowamynda şu adadan gaçyp sypmak barada müň dürli hyýal gelip geçdi. Kämahallar ispan gämisine ýene bir gezek baryp gaýtmagy ýüregime düwýärdim. Paýhasym bolsa, o taýda indi özümi töwekgelçilige salar ýaly suwytly zat galmandygyny duýdurýardy. Şonda-da başymy alyp, bir o tarapa, bir bu tarapa ýüzüp gidiberesim gelýärdi. Sale şäherinden gaçanymdaky barkasym bolan bolsady, onda soňuny saýman, açyk deňze

çykjagyma we näme bolsa — şo bolsuna salyp, ümdüzime tutdurjagyma tüýs ýüregimden ynanýardym.

Gürrüň beren ähli ýagdaýlaryma seredeniňde, meni gaýgy-gussalaryň deň ýarysynyň gözbaşy bolup durýan umumadamzat keseline ýolugan adamlar üçin sapak bolarlyk nusga hasap etse boljakdy. Kesel diýýänim, — Ýaradanyň we tebigatyň adamlara rowa gören närseleri bilen kanagat etmezlik keselidir. Sebäbi meniň öz geçmişime garap, ilkibaşdaky hal-ýagdaýymy görmediksirän bolmagym, kakamyň şol ýerlikli öwüt-ündewlerine pitiwa etmän, gaýtam, onuň gaňryşyna gaýtmagym — ine, meniň eden iň uly etmişim. Üstesine, şo zeýilli başga-da ýalňyşlyklar ara girensoň, häzirki betbagt ýagdaýa düşüpdim. Çünki Biribaryň özi maňa Braziliýada bagtyýar mülkdar bolmagy miýesser edipdi, göwnümiň islän zatlaryma gowuşdyrypdy. Şol wagt päk zähmete gümra bolup ýörmäge kanagatym ýeten bolsady, häzir, has dogrusy, adada ýaşan döwrümiň dowamynda, Braziliýanyň iň bir abraýly fermerleriniň birine öwrülerdim. Şol ýerde gysga wagtyň içinde gazanan üstünliklerimi, eger gaýtmadyk bolsam, gazanyp biljek pullarymy hem üstüne goşup hasaplanyňda, şu pille ýüz müň altyn moýdora barabar baýlygyň eýesi bolup gaýşaryp ýörmelidim. Ekindikini, bol hasyl berýän atyzlarymy taşlap, hebeşi gul söwdasyna baş goşup, gäminiň baş ýükçüsi bolup Gwineýa gitmek, ýeri, nä körüňe gerekdi diýsene?! Wagtyň geçmegi bilen hem-de päk zähmetiň arkasyndan biziň girdejimiz köpelerdi, isledigimizçe gul-gyrnagy öýde oturan ýerimizden satyn alyp bilerdik. Belki, ol birneme gymmada düşerdi, ýöne gul söwdasyna goşulyp görjek peýdamyz şonça töwekgelçilige ýüz uranyňa degjek däldi.

Emma, şu hili ýeňleslik, galapyn ýaşlaryň ýazgydy bolansoň, onuň kelte-pähimlilikdigine göz ýetirmek üçin ýa-ha aradan köp ýyllaryň geçmesi, ýa-da juda gymmada düşen durmuş tejribesi gerek bolýar. Bu meniň üçinem şeýle bolupdy. Barybir, ýalňyş iş etmek häsiýetime şeýlebir ornapdyr welin, men günüme kaýyl bolman, gije-gündiz şu adadan gaçyp gitmegiň küýünde gezýärdim. Men, elbetde, öz hekaýatymyň galan bölegini gürrüň bersem, okyjynyň göwnünden turjagyny bilýän, ýöne ilki bilen şu ýerden gaçyp gutulmak baradaky ham-hyýalymy, ilkinji garaýyşlarymy, haýsy esasa görä hereket edendigimi aýdyp bermek biçeme bolmasa gerek.

Şeýlelikde, batan gämä baryp gaýdanymdan soň, galajygymda ornaşdym we gaýygymy öňki ýerinde goýup, ozalky durmuşyma dolanyp geldim. Aslynda, men öňkimden has baýdym, ýöne edil Peruda ýaşaýan ýerli indeýleriň ispanlar gelýänçä altyn-kümşe pisint etmeýişleri ýaly, maňa-da baýlygymdan haýyr ýokdy.

Şu terkidünýälik adasyna gelip düşenimiň ýigrimi dördünji ýylynyň mart aýy, ýagyşly möwsümiň bir gijesidi. Men öz torsallançagymda süýnüp, oýa ýatyrdym. Saglygym tut ýaly, agyry-ynjym, birahatlygym ýok. Ýöne şonda-da gözüme çiş kakylan ýaly. Men uzakly gijäni çirim etmän geçirdim.

Şol gije beýnimde tüweleý turzan san-sajaksyz pikirleri düşündirmek mümkin däl. Şu ada gelenimden öňki we soňky bütin ömür ýolumy birin-birin göz öňüme getirdim. Men ada gelen günümden bäri başymdan geçen wakalar hakynda oýlanyp, şu ýerde ýaşan ilkinji ýyllarymdaky bagtyýarlygym bilen çägäniň ýüzünde aýak yzyny görüp

başdan geçiren gorkudyr ünjülerimi we goşmaça hysyrdylarymy deňeşdirdim. Men aýak yza duşmazymdan öňem ýabanylaryň bu ada gelip gidendiklerine, ýüzlerçe ýabanynyň kenara çozup geljekdigine ynanman duramokdym. Ýöne bu ähtimallykdan habarym bolmansoň, men asyl gorkmalydyram öýtmändirin. Ol howp şonlugyna duranda bolsa, meniň göwnüm bir ýaly bolupdyr. Howpdan bihabar bolamsoň, ol edil ýok ýaly, gülüp-oýnap gezipdirin. Bu ýagdaý örän peýdaly pikirleri, ylaýta-da, aşakdaky pikiri kelläme getirdi. Perwerdigär ynsanlary dolandyranda, olaryň wakalar hakyndaky garaýyşlaryny we maglumatlaryny şeýlekin dar çygyrda gabap goýmak bilen, gör, nähili ýagşylyk edipdir. Adam ogly san-sajaksyz howplaryň arasynda ýaşap ýörýär. Eger ol şol howplary öňünden görsedi, onda onuň halys akyly çaşyp, hezili gaçardy. Daş-töweregini gallap alan howp-hatarlaryň hiç haýsysyny bilmeýändigi, hadysalaryň arka ýüzüni görmeýändigi sebäpli, bendesi örän parahat we asuda ýaşaýar.
Şu oý-pikirlere gümra bolup ýatyşyma, men bu adada hiç bir zatdan gypynç etmän, arkaýyn gezip ýören wagtym, şunça ýyllap nähili uly howpuň astynda ýaşandygym barada çynlakaý oýa batdym. Meni ýabany adamhorlaryň eline düşmekden, iň bir pajygaly heläkçilige duçar bolmakdan, belkem, bir baýryň gerşi, ullakan bir agaç ýa-da garaňky gije halas edendir. Olar meni geçi ýa-da pyşdyl awlaýşym ýaly tutup, edil meniň kepderileri ýa-da guşlary öldürip, etini iýmegi aýyp bilmeýşim ýaly, meniň özümi öldürip iýmegi jenaýat hasap etjek däldiler. Men nähili betbagtçylyklardan halas bolandygymdan bihabar ýaşan ekenim. Munuň üçin men öz bendelerini gorap saklaýan Biribara tüýs ýüregimden şükür edip, Onuň huzurynda tagzym etmedim diýsem, bimamla bolaryn. Ol garaşyk etmedik bolsady, meniň ol rehimsiz ganhorlaryň gysajyna düşjegim ikuçsuzdy.
Bu pikirlerim birneme köşeşenden soňra, betpäl wagşylaryň edim-gylymlary hakynda oýlanmaga başladym. «Külli älem-jahanyň hikmetli Perwerdigäri näme üçin öz käbir bendelerini şu zeýilli adamzat sypatyny ýitirip, hatda barypýatan mahluga öwrülip, öz jynsdaşlarynyň etini iýjek derejede özbaşyna goýberýärkä?» diýip, men öz-özümden soradym. Ýöne bu netijesiz soraga (şol wagtlykça) jogap tapyp bilmedim. Soňra: «Bu ýabanylar dünýäniň haýsy böleginde ýaşaýarka? Ol ýer meniň adajygymdan näçeräk uzaklykdaka? Öýlerini taşlap, nämäniň hatyrasyna şunça ýol söküp gelýärkäler? Nähili gaýyklary barka? Olaryň şu ýere gelşi ýaly, menem ýol şaýymy guratlap, olaryň ýaşaýan ýerine baryp görsem, niçik bolarka?» diýen sowallar üstüme ýagyp ugrady.
Men ýabanylaryň ýurduna baran mahalym näme edip-näme goýjagym, olaryň eline düşäýsem, maňa näme boljagy ýa-da üstüme çozaýsalar, nädip gaçyp sypjagym barada pikirlenjek bolup azara-da galmaýardym. Ol zatlar beýlede dursun, men asyl o taýyk baryp ýetmegiň, ýerlileriň islendik bir taýpasy üstüme hüjüm edäýse, goranyp aman galmagyň mümkindigi-däldigi dogrusynda hem oýlanmaýardym. Bagtym getirip, ýabanylaryň eline düşmän sypaýanymda-da, aňyrda näme iýip-içjegim, haýsy ugur boýunça ýüzüp gitjegimem belli däldi. Bu pikirleriň hiç haýsysy ýadyma-oýuma gelmeýärdi, ýöne öz gaýygym bilen yklyma ýüzüp barmak baradaky arzuwym welin, barha möwjeýärdi. Men şol wagtky ýagdaýyma iň betbagtçylykly ýagdaý hökmünde

garaýardym. Ölüp dynaýmakdan başga elimden geljek zat ýokdy. Göwnüme bolmasa, yklymyň kenaryna baryp ýetsem, nähilidir bir delalata duş geläýjek ýalydym. Belkem, Afrikanyň kenarýakasyndaky ýaly, tä adam ýaşaýan bir ýeriň üstünden barýançam, gury ýeri ýakalap gidibersem, biçem bolmaz. Kim bilýär, ýolugruna meni hem alyp gitjek bir ýewropaly gämä duş gelerin. Eger beterinden beterine uçrap, janymdan el üzmeli bolaýsam, onda şu ýalançynyň azabyndan-güzabyndan dyndygym boljakdy. Okyjynyň bir meselä üns bermegini towakga edýärin. Meniň şol ruhy ahwalym halys kelebiň ujuny ýitiren pähim-paýhasym bilen bisabyr häsiýetimiň miwesidi. Köne howsalalarym hem-de gark bolan gämä baranymdaky başdan geçiren lapykeçligim ýüregimdäki ody birsyhly ölçerýärdi. Şol gämide näçe wagtdan bäri tüýs ýüregimden arzuw edip ýören zadyma, has dogrusy, meniň bilen gepleşip, meniň nirede ýerleşýändigimi hem-de bu ýerden nädip gidip boljakdygyny aýdyp biljek diri adamlara sataşmaga örän golaýlaşypdym. Şu hili pikirler meniň ýüregimi myncgalaýardy. Dury akylym, Beýik Biribara bolan tabynlygym we Ondan gelýän hökümlere imisala garaşyp oturmak häsiýetim, birhili, paýawlan dek bolupdy. Yklyma bakan gaýykly ýüzüp gitmek baradaky islegimden ünsümi sowmaga mende hiç hili erk-ygtyýar ýok ýalydy. Ol isleg meni şeýlebir aldym-berdime salýardy welin, asyl onuň garşysynda durar ýaly däldi.

Iki sagatdan gowrak wagtlap aňymy gozgalaňa salan oý-pikirler şeýlebir ganymy gaýnatdy welin, içimdäki adatdan daşary tolgunma zerarly, ýüregimiň urşy çaltlanyp ugrady. Men, göýä, ysytma tutan ýaly gagşap ýatyşyma, pikir ýadawlygyndan ýaňa halys sütünim süýnüp, süýji uka gidip, düýş gördüm. Huşumdaky howsalaly pikirler düýşüme girendir öýdüp çaklamagyňyz mümkin. Ýöne ol beýle bolmady. Men düýşümde ne-hä ol pikirleri gördüm, ne-de olar bilen baglanyşykly zatlary. Ol düýbünden başga hili düýşdi. Men, adaty bolşy ýaly, ir bilen galajygymdan çykyp, ýöräp barýarmykam diýýän. Birdenkä, iki sany gaýygyň kenara ýanaşandygyny we gaýyklardan on bir sany ýabanynyň düşendigini gördüm. Olar öldürip iýmek üçin başga bir ýabany adamy ýesir edip äkelipdirler. Birden, ýaňky ýesir tarsa ýerinden turdy-da, güýjünde baryny edip, aýagaldygyna gaçmaga başlady. Ukynyň arasynda, ol adam howlymyň öň ýanyndaky gür tokaýjyga gaçyp gizlenýärmikä diýýän. Men onuň ýeke özüdigini we yzyndan kowup gelýän kowguçylaryň ýokdugyny görüp, öňünden çykyp, oňa ýylgyryp seredýärmikäm, köşeşdirjek bolýarmykam diýýän. Ol meniň öňümde dyza çöküp, kömek sorap, ýalbarýan ýalydy. Onsoň men oňa öz merduwanymy görkezdim-de, haýatdan dyrmaşdyryp, howlynyň içine saldym we gowaga eltdim. Soňra ol meniň hyzmatkärim boldy. Men ol ýabanyny öz ygtyýaryma geçirenimden soňra: «Ine, indi yklyma bakan ýüzüşe çyksa-da bolar. Hyzmatkärim darga (losman) bolar we näme etmelidigini, ýabanylara şam bolmazlyk üçin haýsy jelegaýlardan gaça durmalydygyny, nirä baryp-nirä barmaly däldigini öwreder» diýip, içimi gepletdim. Şol pursatda-da, men ukudan oýandym. Men düýşümdäki halas bolmak umydyndan dörän begenjimden ýaňa, aýdyp-diýip düşündirip bolmajak ýakymly duýgulary başdan geçirdim, ukudan oýanyp, onuň ýöne bir düýşdügine göz ýetiren badyma-da, örän lapykeç bolup, gam laýyna batdym.

Şondan soňra men şeýle netijä geldim: bu ýerden gaçyp sypmak üçin meniň ýeke-täk çykalgam — bir ýabany adamy ele salmakdy. Eger başaryp bilsem, adamhorlaryň öldürip iýmek üçin, elini-aýagyny daňyp getirýän ýesirlerinden birini halas etjek bolmalydym. Ýöne bu hyýalymy amala aşyrmaga päsgel berýän bir kynçylyk bardy: maksadyma ýetmek üçin ýabanylaryň giden bir leşgeri bilen garpyşyp, olary uçdantutma gyrmagyň hötdesinden gelmelidim. Munuň özi barypýatan pähimsizlikdi, bolaryndan bolmazy ýakyndy. Üstesine, nähak ýere gan dökmegiň adalatly bolup-bolmajagy barada hem juda ikirjiňleňýärdim. Öz janymy halas etmek üçin şonça adamyň ömür tanapyny üzmek meniň ýüregimi endiredýärdi. Şu hyýalyň garşysyna kelläme gelen tutaryklary ozal aýdyp berendigim sebäpli, indi olary gaýtalap oturmakçy däl. Aslynda, bu ýere gelýän ýabany adamlaryň meniň janyma howp salýandygy, ellerine düşäýsem, meni gowrup iýjekdigi, şol hili ölümden aman sypmak üçin etjek islendik synanyşygymyň, sözüň hakyky manysynda, özümi goramaklygym diýlip hasap ediljekdigi, olaryň özi üstüme çozuş etse-etmese-de, barybir, öz janymy halas etmek üçin bir gün olary öldürmeli boljakdygym barada birgiden delil getirip biljekdim. Ýöne, barybir, öz başymy gutarmak üçin adam ganyny dökmeklik maňa örän eýmenç bolup görünýärdi. Şonuň üçinem men bu pikir bilen köp wagtlap ylalaşyp bilmedim.

Şeýle-de bolsa, öz-özüm bilen dynuwsyz çekeleşip, bir o ýana, bir bu ýana agyp-dönenimden soňra, ahyrsoňunda, halas bolmak baradaky alawlap tutaşýan islegim kellämde at salýan beýleki delillerdir sebäplerden üstün çykdy. Onsoň her edip-hesip edip, şol ýabanylaryň birini ele salmagy pugta ýüregime düwdüm. Indi muny nädip amala aşyrmalydygy hakynda oýlanmalydy, bu bolsa diýseň kyn meseledi. Kelläme hiç hili göwnejaý pikir gelmänsoň, men ýabanylaryň kenara haçan gelýändigini bilmek üçin hemişe garawulçylyk çekmeli hem-de şol wagtky şertlere görä, hereket edip, soňam başa gelenini görübermeli diýen netijä geldim.

Şunlukda, mümkin boldugyça ýygy-ýygydan kenarýakada garawulçylyk çekmäge başladym. Bukalgama şeýlebir köp gatnaýardym welin, ahyrsoňy ol halys ýüregime düşüp ugrady. Men, şeýdip, bir ýarym ýyldan gowrak garaşyp gezdim. Şol döwrüň aglaba böleginde, her gün diýen ýaly, ýabany adamlaryň gaýyklaryny görjek bolup, adanyň günbatar we günorta-günbatar ujuna gatnaýardym. Ýöne içiňi ýakaýyn diýen ýaly, ýekeje-de gaýyk göze ilmeýärdi. Soňabaka, bu şowsuzlyk örän lapymy keç edip, janymy ýakyp ugrady. Ýöne, elbetde, ozalky lapykeçligimiň tersine, bu gezek öz etsem-petsemimi bir gyra goýmadym. Gaýtam, oňa ikelläp ýapyşdym. Gaýyklaryň gelşi näçe gijikdigiçe, hyjuwym şonça möwç alýardy. Bir söz bilen aýdanyňda, indi ýabany adamlar bilen ýüzbe-ýüz bolmak baradaky höwesim olary görmekden, gözlerine ilmekden gaça durmaga bolan ozalky meýlimden has rüstem gelýärdi.

Mundan başga-da, men: «Ýabanylaryň birini, belkem, iküç sanysyny ele salyp, gul edinäýsem, onda olara bir diýenimi iki gaýtalatman işlemegi hem-de maňa gyýa göz bilen seretmezligi öwrederin» diýip göwün ýüwürdýärdim. Şol iş bilen gümra bolup ýörşüme, aýlar aýlanyp, günler dolanypdy, ýöne ne gelýän bardy, ne-de gidýän. Meniň ähli arzuwym puç bolupdy. Indi ençe wagtdan bäri ýabany adamlar gara bermeýärdi.

Şol etsem-petsemlerim bilen bir ýarym ýyl töweregi güýmenip gezenimden soň, men indi olaryň ýöne bir gury hyýaldygyna ynanyp başlapdym. Şol günleriň birinde, ir säher bilen adanyň meniň ýaşaýan tarapymdaky kenarynda azyndan bäş sany boş gaýygyň durandygyny görüp, haýran galdym. Olarda ýüzüp gelen ýabanylar nirädir bir ýere siňen bolmalydy. Ýabanylaryň sanynyň köp bolmagy meniň bar hasabymy bulam-bujar etdi. Olaryň gaýyga hemişe dört ýa-da alty adam, käteler bolsa has köp bolup münýändiklerini eýýäm bilýärdim. Ýigrimi-otuz adamyň garşysyna ýeke özümiň näme etjegimi kesgitläp bilmän, elimi-aýagymy ýitirip, galajygymda aljyraňňy halda ysgyn-deramatsyz ýere çökdüm. Ýene-de, her niçigem bolsa, öňden taýynlap goýan goranyş meýilnamamy berjaý edip, islendik hüjüme gaýtawul bermäge taýýarlanyp ugradym. Men ýabanylaryň sesleri gelermikän diýip, esli salym diňşirgenip duranymdan soň, takat edip bilmän, tüpeňlerimi merduwanyň gapdalyna söýedim-de, adaty bolşy ýaly, iki aşyrymda merduwana dyrmaşyp, gaýanyň depesine ýetdim. Ýöne duşmana görünmejek bolup, kelläm ýokarda somalyp durmaz ýaly edip saklandym. Elime dürbimi alyp, synlamaga başladym. Ýabanylar, bolmady diýeniňde, otuz adam töweregi eken. Olaryň kenarda ot ýakyp, etmi-nämemi, bir zatlar bişirmek bilen başagaýdygyny gördüm. Olaryň näme bişirýändigini, nähili bişirýändigini anyk aňşyryp bilmedim. Olaryň hemmesi oduň daşynda halka bolup, öz wagşy dessurlaryna görä, birgeňsi böküşip, towsuşyp, tans edýärdiler.
Men dürbim bilen olary synlap durkam, soýmak üçin getirileni mese-mälim bolup duran, el-aýagy daňylgy iki biçäräni gaýygyň içinden süýrekläp düşürendiklerini gördüm. Serdesse ýa-da tagta gylyç bilen urdularmy-nämemi, ýesirleriň biri şobada ýere ýazyldy. Ýabanylaryň adam öldürişi şeýle bolarlydy. Iküç sany adam derrew onuň içgoşuny çykaryp, etini böleklemäge başlady. Beýleki görgüli bolsa, öz gezegine garaşyp, bir gapdalda serim-sal bolup durdy. Edil şol pursatda, el-aýagynyň ýüpi çözülip, özüni az-kem erkinlikde duýan ýaňky ýesir, ýüreginde dörän ýaşamak umydy bilen, birdenkä öňe okduryldy-da, çägeli kenaryň ugry bilen ýazzyny berdi. Ol şeýlebir çalt ylgaýardy welin, gözüňe ynanar ýaly däldi. Ol göni maňa, has dogrusy, howlymyň ýerleşýän tarapyndaky kenara bakan ýüzin salyp gelýärdi.
Boýnuma alaýyn, onuň maňa tarap şapadaňlap gelýänine gözüm düşen wagty, ýabanylaryň barysy yzyndan eňendir öýdüp, ýüregim agzyma geldi. Gören düýşümiň birinji bölegi oraşan bolup çykypdy. Şoňa seretseň, onda ýüwrüp gelýän ýabany meniň tokaýjygymda gaçyp gizlenmelidi. Emma welin, düýşümiň ikinji bölegine, ýagny ýabanylaryň gaçgagy yzarlap, bu ýere gelmejekdigine bil baglap biljek däldim. Herniçik-de bolsa, öz ornumy taşlaman garaşyp başladym. Kowguçylaryň iküç sanydygyny görenimde, men az-kem dogumlandym. Gaçyp gelýän ýabanynyň kowguçylary tozana garyp, ep-esli öňden gelýänini görüp, doly arkaýynlaşdym. Ol ýene ýarym sagatjyk şol tizliginde gaçyp bilse, onda onuň sypjagy äşgär görnüp durdy.
Gaçha-kow bolşup gelýän ýabanylar bilen meniň galajygymyň arasynda bir deňiz duralgajygy bardy (okyjynyň ýadynda bolsa, hekaýatymyň başynda gämiden goş-golam daşaýşym barada gürrüň berenimde, ol duralgajyk hakynda aýdyp geçipdim). Men gaçgak biçäräniň hökman şol duralgajykdan ýüzüp geçmelidigini, ýogsam onuň

ele düşjekdigini äşgär gördüm. Ol daşgyn wagtydygyna garamazdan, ýüzüniň ugruna özüni suwa urdy-da, takmynan, otuz gulaçda bärki kenara çykdy we ýene aýagaldygyna ylgamaga başlady. Kowguçylar duralgajyga ýeten mahaly, olaryň iki sanysy derrew suwa böküp, ýüzüp ugrady. Üçünji ýabany ýüzüp bilmeýän bolara çemeli, ol kürtdürip durdy-da, öz ýoldaşlarynyň yzyndan garady. Soňra bolsa äwmezeklik bilen mytdyldap yzyna dolandy. Munuň bähbide çekendigi bahym belli boldy.

Suwa böken iki kowguçynyň bärki tarapa ýüzüp geçmek üçin gaçgakdan iki esse köp wagt sarp etmeli bolandygy meniň ünsümi çekdi. Birdenkä, şu wagt özüme hyzmatkär, belkem, dost ýa-da kömekçi gazanmak üçin iň amatly pursadyň gelendigi baradaky mylaýym pikir meni biygtyýar gurşap aldy. Hakykatdan-da, Biribaryň özi meni bu görgüli bendäniň janyny halas etmäge çagyrýan bolmalydy. Men derrew merduwandan düşüp, onuň düýbünde gaýa söýäp goýan iki sany muşketimi garbap aldym-da, ýene ýokaryk — gaýanyň depesine dyrmaşdym. Soňra gaçgagyň öňüni gyýalap, deňze tarap ylgadym. Men baýryň ýapgydyndan eňaşak okduryldym we gaçgak bilen kowguçylaryň göni arasyna baryp düşdüm. Gaçgagyň yzyndan zowladyp gygyranymda, ol ýalta bärisine garady-da, ilkibaşda, göwnüme bolmasa, menden kowguçylardan bäş beter gorkaýan ýaly boldy. Men elimi bulaýlap, ony bärik çagyrdym we kowguçylara bakan alňasaman ýöräp ugradym. Olaryň öňden gelýäni golaýyma ýetiberende, men ur-tut öňe topuldym-da, ony tüpeňin gundagy bilen urup, ýere ýazdym. Beýleki ýabanylar eşider öýdüp, tüpeň atasym gelmedi. Aslynda, tüpeň sesini ýabanylaryň munça aralykdan eşitmegi gatybir mümkinem däldi, onuň tüssesi hem görünjek däldi, ýöne men, barybir, çekinýärdim. Yzdan gelýän ýabany ýoldaşynyň ýykylanyny görüp, gorkdumy-nämemi, sakga durdy welin, meniň özüm onuň üstüne eňdim. Ýöne golaýlaşan wagtym, onuň elinde ok-ýaý bardygy we ýaýyny maňa çenäp, peýkam atmaga häzirlenýändigi gözüme ildi. Onsoň men öňürtmeli boldum we ony bir okda ýere serdim.

Gaçgak görgüli gözüniň öňünde iki duşmanynyň-da ýere ýazylanyny görende, aýak çekdi-de, tüpeňiň sesinden we çabrap giden ýalnyndan gorkup, dikilgazyk bolup duruberdi. Ol ne-hä aňyrlygyna ädim ädip bilýärdi, ne-de bärligine. Ýöne sähel tebil tapdygy, meniň ýanyma gelmän, ökje götärli görünýärdi. Onsoň men oňa gaýtadan gygyryp, ýanyma gelmegi yşarat etdim. Ýabany adam muňa düşündi-de, maňa tarap azajyk ýöräp, saklandy, soňra ýene azajyk ýöräp, ýene saklandy. Şol wagt men onuň özüni ýesir düşen hasap edip, edil iki sany duşmanyny öldürişim ýaly, özüni hem öldürjek bolýandyryn öýdüp, galpyldaýandygyny saýgardym. Men ony ýene-de öz ýanyma çagyrdym we elimi bulaýlaşdyryp, başardygymdan ekezlendirmäge çalyşdym. Ol öz janyny halas edendigime minnetdarlyk bildirýändiginiň alamaty hökmünde her on-onki ädimden bir dyzyna çöküp, barha we barha golaýyma geldi. Men oňa hoşamaý seredip ýylgyrdym we has-da ýakynlaşmagyny yşarat etdim. Ahyrsoňy, ol ýanyma geldi we ýaňadan dyzyna çöküp, ýeri ogşady. Kellesini ýerde goýup, aýagymdan tutdy-da, kellesiniň üstünde goýdy. Çaky, bu hereket onuň maňa hemişelik gul bolmaga ähdi-peýman edýändiginiň alamaty bolmalydy. Men ony ýerinden turuzdym-da, üst-başyny kakyşdyrdym we başardygymdan köşeşdirmäge

çalyşdym. Ýöne meniň entek etmeli işlerim bardy, tüpeň gundagy bilen urup ýere ýykan ýabanym ölmän, ýöne seňseläpdi. Ol indi ýuwaş-ýuwaşdan essine gelip ugrapdy. Men elimi uzadyp, onuň heniz ölmändigini, halas eden ýabanyma görkezdim. Onsoň ol düşnüksiz dilde maňa bir zatlar aýdyşdyrdy. Düşünip bilmesem-de, onuň aýdan sözleri gulagyma örän ýakymly eşidildi. Çünki öz sesimi hasap etmäniňde, ýigrimi bäş ýyldan gowrak wagt bäri ilkinji gezek adam sesini eşidýärdim. Emma şu wagt bu zatlaryň pikirini edip oturmagyň wagty däldi. Seňselän ýabany adam özüni dürsäp, eýýäm dikelip otyrdy. Men öz ýabanymyň oňa gözi düşüp, gorkmaga başlandygyny gördüm. Onsoň ony köşeşdirjek bolup, ikinji muşketimi ýerde oturan ýabana çenedim. Şonda meniň ýabanym (men indi ony şeýle atlandyrýardym) kemerime gysdyrylgy ýalaňaç gama tarap elini uzadyp, ony bermegimi ümleşdirdi. Men hem oňa gamamy berdim. Ol gamany alyp-alman, duşmanynyň üstüne okduryldy we Germaniýadaky islendik jellada gaýra dur diýdirjek çalasynlyk bilen onuň kellesini togalap goýberdi. Henize-bu güne çenli tagta gylyçdan başga zat görene çalym etmeýän bu ýigidiň sowuk ýaraga şeýle ussatlyk bilen erk edişine men haýran galdym. Elbetde, wagtyň geçmegi bilen, men ýabanylaryň tagta gylyçlary bir urguda kelläni, goly kesip taşlar ýaly, berk agaçdan, kesgir we agyr edip ýasaýandygyny bildim. Ol işini bitirensoň, göwnühoş halda ýyrşaryp, ýanyma geldi-de, birtopar düşnüksiz hereketler edişdirip, ýaňky ýabanynyň kellesi bilen gamany gülçüldedip aýagymyň astyna oklady.

Ýöne ony has geň galdyran zat — meniň beýleki ýabanyny şonça aradaşlykdan nädip öldürendigim boldy. Ol eli bilen ümleşdirip, şol jesediň ýanyna barmaga rugsat sorady. Menem özümçe ümläp, oňa rugsat berdim. Ol jesediň ýanyna bardy-da, haýran galyp, synlamaga durdy. Meniň ýabanym ony bir eýlesine, bir beýlesine öwürdi. Gülläniň böwsüp geçen ýarasyny synlaşdyrdy. Gülle göni kükrekden parran geçip, yz ýasan eken. Kän gan akmansoň, gan içine urandyr diýip çaklamak boljakdy, sebäbi jeset bireýýäm sowan eken.

Meniň ýabanym öliniň ýaýyny we peýkamlaryny alyp, ýanyma geldi. Men ol ýerden daşlaşmak üçin yzyma öwrüldim we oňa-da «yzyma düş, başga kowguçylaryň gelmegi ahmal» diýen terzde elimi salgaşdyrdym.

Şol wagt, ol beýleki ýabanylar aňtap geläýen ýagdaýynda, meýitleri görmez ýaly, olary çägä gömeli diýip, eli bilen her hili yşaratlar edişdirdi. Men hem «bolar» diýen manyda şol bir hereketleri gaýtaladym. Onsoň ol işe girişdi we sanlyja salymyň içinde eli bilen çägäni köwüp, bir adam sygarlyk çukur gazdy. Soňra birinji ölini süýräp, çukura taşlady-da, üstüne çäge sürdi. Ol beýleki jesedi hem şeýdip çägä dulady. Ýalňyşmaýan bolsam, ýabany iki jesedi on bäş minut çemesi wagtyň içinde jaýlap dyndy. Onsoň men ony gaýtadan çagyryp, galajygyma däl-de, adanyň beýleki ujundaky gowagyma alyp gitdim. Şeýlelikde, men düýşümiň soňky böleginiň oraşan bolmagynyň, ýagny ýabany adamyň meniň tokaýjygyma gaçyp gelmeginiň öňüni aldym.

Gowaga baran wagtymyz, men oňa çörek bilen bir hoşa kişmiş hödür etdim, içmäge suw berdim. Sebäbi ol gaçan wagty ýadap, halys tapdan düşen eken. Ýabany iýip-içip, mazaly gurplanansoň, men oňa yşarat edip, gowagyň künjegindäki şaly sypaldan

düşelen düşejigimi we ýorganymy görkezip, ýatyp dem-dynjyny almalygyny düşündirdim. Bu ýere meniň özüm kämahallar ýatmaga gelýärdim. Görgüli sessiz-üýnsüz düşege süýndi-de, şobada süýji uka gitdi.

Ol görmegeý, on iki süňňi jaýba-jaý, boý-syraty gelşikli, edil guýlan kenek ýaly berdaşly ýigit eken. Daş keşbine seretseň, ol ýigrimi bäş-ýigrimi alty ýaşlarynda bolmalydy. Onuň ýüzi ýakymlydy, hyrsyz ýa-da gyňyr däldi, erkek adama mahsus bolan gaýduwsyzlyk bardy. Şeýle-de bolsa, ylaýta-da, ýylgyran wagty, onuň keşbine edil ýewropalylaryňky ýaly mylaýymlyk we ýumşaklyk çaýylýardy. Onuň uzyn gara saçy ýüň ýaly buýra-buýra däl-de, gönüdi. Uzyndan gelen giň maňlaýy bardy. Endamynyň reňki hüýt-gara däl-de, garaýagyzdy. Ýöne ol braziliýalylar, wirjiniýalylar we Amerikanyň beýleki ýerli halklary ýaly sargylt öwüsýän myrtar garaýagyz reňkde däl-de, ýaldyrap duran küljümek zeýtun reňklidi. Nähili düşündirjegimi bilemok, ýöne onuň ten reňkinde örän täsin öwüşgin bardy. Onuň ýüzi tegelekden dolmuşdy. Kiçijik burny hebeşileriňki ýaly paşşyk däldi. Biçüwli agzy, inçe dodaklary bardy. Seteram dişleri misly şirmaýy dek lowurdaýardy.

Ol ýarym sagada golaý uklap, has dogrusy, irkilip, gözüniň awusyny alansoň, gowakdan çykyp ýanyma geldi. Men gowagyň beýle ýanyndaky agylda geçi sagyp otyrdym. Ol maňa gözi düşeninden ylgap gelip, ýene ýere süýndi. Minnetdarlygyny görkezmek üçin, kiçigöwünlilik bilen her dürli geň-taň hereketler edişdirdi. Ol iň soňunda başyny aýagymyň ýanynda ýere goýdy we ozal edişi ýaly, beýleki aýagymy galdyryp, kellesiniň üstünde goýdy. Soňra bolsa, ömürboýy maňa nähili hyzmat etjekdigini görkezýän hem-de hormaty, tabynlygy we hyzmata taýynlygyny aňladýan hereketler etdi. Men onuň aýtmak isleýän zatlarynyň köpüsine düşündim we ondan göwnümiň bitendigini, hoşal bolandygymy ümleşdirdim. Sähel salymyň içinde men onuň bilen düşünişmäge başladym we özüm bilen gepleşmegi öwredip ugradym. Ilki bilen, oňa Anna diýip at goýandygymy düşündirdim. Men ony hepdäniň anna güni halas edipdim we şol günüň hormatyna öz ýabanyma şeýle at goýdum. Soňra oňa «hojaýyn» diýen sözi öwretdim, ol sözüň meniň adymdygyny düşündirdim. Şeýle hem oňa «hawa» we «ýok» diýmegi hem-de şol sözleriň manylaryny öwretdim. Men oňa toýun küýzede süýt hödürledim we oňa görkezmek üçin, küýzeden süýt içdim, süýde nan batyryp iýdim. Soňra ýaňky iýip-içişimi gaýtalar ýaly, oňa bir bölek çörek berdim. Ol bolşy-bolşy ýaly edip, süýdüni içip, çöregini iýdi-de, özüniň biçak hoşal bolandygyny üm bilen düşündirdi.

Men gijäni onuň bilen gowakda ýatyp geçirdim; daň atyp, jahan ýagtylan dessine, oňa yzyma düşmegini, özüne geýim-gejim berjegimi ümläp düşündirdim. Ol muňa biçak begendi, sebäbi ol çuw-ýalaňaçdy. Biz onuň iki sany ýabanyny gömen ýerine ýeten mahalymyz, ol göni şol ýere barmagyny çommaltdy. Ol asyl guburlaryň ýeri belli bolar ýaly ýörite çelgiler goýan eken. Ol ümleşdirip, jesetleri gazyp çykaryp, etini iýeli diýip yşarat etdi. Men muňa biçak gaharlanyp, ýüzümi çytdym. Beýle zada aňrym bärik gelip, ýüregimiň bulanýandygyny äşgär etdim. Onsoň, oňa «bärik gel» diýen terzde elimi salgadym welin, ol diýenedijilik bilen ylgap ýanyma geldi. Men ony, duşmanlarynyň gidip-gitmändigini biler ýaly, baýryň depesine alyp çykdym. Dürbimi çykaryp, ýabanylaryň düşlän ýerini birlaý synladym, olaryň ne özleri, ne-de

gaýyklary göze ilýärdi. Olaryň yzda galan iki sany ýoldaşlaryny gözlejegem bolman, bu ýerden ýüzüp gidendikleri mese-mälim görnüp durdy.
Emma men ol açyş bilen ynjalmadym. Indi has batyrgaýlanypdym, ýüregim bilesigelijilik bilen gürsüldeýärdi. Men öz hyzmatkärim Annany ýanyma alyp, onuň eline gama bilen ýaýy tutdurdym, peýkamly sagdagy egninden asdym. Ol peýkam atmaga biçak türgen ekeni. Men iki sany tüpeňi özüm alyp, üçünjisini hyzmatkäre götertdim. Şeýlelikde, biz iki bolup, adamhor wagşylaryň meýlis guran ýerine bakan ýola düşdük. Olar barada has anyk maglumat ýygnamagy ýüregime düwüpdim. Ol ýere baryp ýeten mahalymyz, kenardaky elhençligiň yzlaryna gözüm düşende, gorkudan ýaňa dilim gurap, doňup galdym. Hakykatdan hem ol örän eýmenç görnüşdi, iň bolmanda, ol meniň üçin şeýledi. Annanyň bolsa göwni bir ýalydy. Çägesöw gumaklygyň ähli ýerinde adam süňkleri sergi bolup ýatyr, toprak gana eýlenipdir. Çala iýlen, ütüm-ýolum edilen, oda daglanan tokga-tokga adam etleri eýläk-beýläk zyňlypdyr. Wagşylaryň öz duşmanlaryndan üstün çykmagynyň şanyna guralan ýeňiş meýlisiniň ähli alamatlary görnüp durdy. Men üç sany kelleçanak, bäş sany el, üç-dört sany aýak süňki bilen ýene birgiden beden agzasyny gördüm. Anna ümleşdirip, ýabanylaryň meýlisde iýmek üçin dört sany adam getirendiklerini, olaryň üç sanysynyň iýlendigini we barmagy bilen özüni görkezip, dördünji adamyň özüdigini düşündirdi. Gep salgysyndan, iki sany goňşy taýpanyň kethudasynyň arasyna tow düşüpdir-de, soňy urşa ýazypdyr. Anna-da şol taýpalaryň birine degişli eken. Onuň taýpasy ýeňlişe sezewar bolup, köp adam ýesir düşüpdir. Ýeňijiler ellerine düşen ýesirleri iýmek üçin, dürli-dürli ýerlere meýlis guramaga gidipdirler. Bu ýere gelen topar hem şolaryň biri eken.
Men Anna ähli kelleçanaklary, süňkleri, et böleklerini we beýleki beden agzalaryny bir ýerik üýşürip, üstünde ullakan ot ýakyp, hemmesini küle öwürmegi tabşyrdym. Annanyň ol etlere agzyny suwardyp, ýalmanjyraýandygyny, onuň henizem adamhorluk edähedinden el çekmändigini gördüm. Ýöne beýle zat barada sähelçe pikirlenmegi, iň ýönekeýje bir alamatyny görmegi nähili ýigrenýändigimi belli edemsoň, ol şol häsiýetini ýüze çykarmaga het edip bilmedi. Sebäbi şonuň ýaly zada milt edäýse, ony öldürjekdigimi eýdip-beýdip oňa ýaňzydypdym.
Biz ol işi birýüzli edip, galajyga gaýdyp geldik. Onsoň men wagt ýitirmän hyzmatkärimi eginbaşly etmegiň ugruna çykdym. Ilki bilen, oňa gämide heläk bolan biçäre topçynyň sandygyndan tapan kendir jalbarymy berdim. Eýlesini-beýlesini gyrkyşdyryp, ýamaşdyrdym welin, ol Anna ylaýyjak şapylaşyp duruberdi. Soňra oňa geçiniň derisinden, başardygymça, bir keltekçe tikip berdim (indi meniň tikinçiligim hiçneneň däldi). Towşan derisinden tikilen ykjam, owadan başgaby kellesine geýdirdim. Şeýlelikde, ony birkemsiz geýindi diýip hasaplasa boljakdy. Özüniň edil hojaýyny ýaly geýnendigine begenýändigi ýüz-gözünden bildirip durdy. Dogry, ol birbada özüni biçak ebeteýsiz duýdy. Jalbar ony has-da biynjalyk edýärdi. Keltekçäniň ýeňleri onuň eginlerini, goltuklaryny gysyp durdy. Men eşikleriň gysyp agyrdýan ýerlerini az-kem giňeldişdirdim, onuň özem uzagyndan öz täze lybaslaryna gowy öwrenişip gitdi.

Öýe gelen günümiziň ertesi hyzmatkärimi nirä ýerleşdirsemkäm diýip pikirlenip ugradym. Hem onuň, hem-de özümiň arkaýyn ýaşamagymyz üçin, howlynyň iki haýatynyň arasyndaky boş ýerde kiçijik çadyr gurdum. Şol zolagyň gaýa direýän ýerinde gowaga girilýän sümelge bardygy üçin, sümelgäniň biraz iç tarapyna gabsa goýup, ýasy tagtalardan gapy ýasadym. Gapy gowaga tarap açylyp-ýapylýardy. Gije düşdügi, ol gapyny sürgi bilen içinden petikläp goýýardym we merduwany howlynyň iç ýüzüne geçirýärdim. Şeýlelikde, Annanyň içerki diwardan aşyp, howla girmegi mümkin däldi, aýdaly, giräýeninde-de, onuň güpür-tapyryna hökman oýanjakdym. Sebäbi içerki diwaryň üsti tutuş çadyrymy saýalap duran, baýryň gerşine baryp direlýän, uzyn pürslerden ýasalan bassyrma bilen doly ýapylandy. Pürsleriň üstüne insizje tagtalara derek, ýogyn şahalar keseligine oklanandy. Olaryň üstünden bolsa, gamyş ýaly berk şaly sypallaryndan küde-küde basyp, galyň bassyrma ýasapdym. Bassyrmanyň diwara direýän bir gyrasynda merduwana münüp-düşer ýaly bir deşik açyp, ol ýere ýokarlygyna açylmaýan, aşaklygyna zor salnan wagty bolsa, dikaşak güpürdäp gaýdar ýaly duzakly gapajyk goýupdym. Ýaraglarym barada aýtsam, gije ýatan mahalym, olaryň barysyny öz ýanymda saklaýardym.
Annanyň maňa hilesiz, öýke-kinesiz, päkýürekli, boýun synyjy örklüligi bardy. Ol edil perzendiň kakasyna baglanyşy ýaly, maňa tüýs ýüreginden örklenipdi. Onuň islendik ýagdaýda, hernäme bolanlygynda, meni halas etmek üçin öz janyny orta goýjakdygyny ikirjiňlenmän aýdyp biljekdim. Bu barada şübhelenmezligim üçin onuň ençeme hereketine salgylanmak mümkindi. Men gysga wagtyň içinde, ondan goranmak üçin alada galyp ýörmeli däldigime göz ýetirdim.
Onuň bu bolşuna seredip, ýygy-ýygydan haýran galyp, oýa batýardym. Biribaryň höküm ýöredýän işlerinde öz ýaradan bendeleriniň aglaba bölegini öz ruhlarynyň tap getirjek güýçlerinden, öz ukyplaryny iň ajap görnüşde ulanmakdan mahrum galdyrandygy, ýöne bize bagyş edişi ýaly şol, bir güýji, akyl-paýhasy, şol bir mähiri, şol bir tabynlyk we mylaýymlyk duýgularyny, şol bir etmişlerden ökünmek hyjuwyny, minnetdarlyk, şükür edijilik, päk ýüreklilik gymmatlyklaryny, Biribar bize beren ýagşylyk etmek we ýagşylygy ýerine salmak borjuny bu ýabanylara hem bagyşlan bolsady, şol duýgularyny ýüze çykarmaga olara-da mümkinçilik beren bolsady, onda bu wagşylaryň hem şol mümkinçiligi, iň bolmanda, bizçeräk, hatda bizden has öteräk derejede, mynasyp görnüşde ulanjakdygy barada pikirlenýärdim. Men şeýle pikirlere üstümi basdyryp, kähalatlarda ýüze çykyşy ýaly, üstüne ullakan ýol görkeziji şamçyragyň — ylahy ylhamyň şöhlesi düşýän ukyplarymyzy Biribaryň kelamyny okap kuwwatlandyrmakdan geçen, gaýtam tersine, ähli güýçlerimizi neneňsi bisarpa ulanýandygymyza göz ýetirip gaýgy-gussa batýardym. «Gudraty güýçli näme sebäpli şu hili halas ediji pikirleri millionlarça adamdan pynhan saklaýarka? Aslynda, şu wagşy biçärä seredip, gelen netijäme görä, bu ýerdäki ýerli adamlar şol duýgularydyr maglumatlary bizden has ýagşy ulanardylar» diýip içimi gepledýärdim.
Şondan soň men käwagtlar hetden aşyp ylahy häkimiýetiň çäklerini bozup ugradym. Beýdip, käbir zatlary birnäçe bendelerine görkezip, käbirlerinden gizleýän, onsoň iki topara hem şol bir borjy ýükleýän adalatdan zeýrenmäni çykardym. Emma uzaga

çekdirmän, öz pikirlerimi bir bogdaga çugdamladym: ilki bilen, biz bu adamhorlaryň haýsy hikmete we kanuna görä beýle ýazgarylandygyny bilmeýäris. Üstesine-de, Ýaradanyň barlygy hökmanydyr we birkemsiz kämilliginiň esasynda Ol mukaddesdir we adalatlydyr. Şol sebäpli bu adamlaryň Biribardan bihabar bolup galmaklygy, Allanyň Kitabynda aýdylyşy ýaly, olaryň ýazykly işe baş goşmaklaryna esas bermeýär, sebäbi adamlar öz akyllaryny ulanyp, Onuň özbaşyna aýratyn bir kanun bolup durýan nura — öz wyždanlaryna gulak salmaly. Ol nuruň — wyždanyň nähili hakykata esaslanýandygyny bilmesek-de, ol şonlugyna galýandyr. Ikinjiden bolsa, biziň ählimiz edil küýzegäriň elindäki toýun ýalydyrys. Hiç bir küýzäniň külala: «Meni näme üçin pylan hili ýasadyň?» diýmäge haky ýokdur.

Indi täze ýoldaşyma dolanyp geleliň. Meniň Annadan doly göwnüm bitipdi. Onuň hyzmata gaýym, çakgan we hemişe kömek etmäge taýýar bolup ýetişmekligi üçin, men iş edinip, oňa ähli gerekli zatlary öwretmäge girişdim. Ylaýta-da, ony gepletjek bolýardym, geplän halatym, gepimi düşündirjek bolýardym. Anna örän düşbülik bilen öwrenýärdi. Ol hemişe şähdaçykdy, zähmetsöýerdi. Maňa düşünen wagty ýa-da men oňa düşünen wagtym, ol monça bolýardy. Onuň bilen gürleşmek maňa juda ýaraýardy. Indi ýaşaýşym şeýlebir ýeňilleşip ugrapdy welin, men öz-özüme, «Ýabanylaryň howpundan arkaýyn bolsam, onda şu adada ömürlik galmaly bolsam-da, gam çekmerin» diýmäge başladym.

## XV bap

Galajyga dolanyp gelenimden iküç gün geçensoň, men Annany elhenç usulda naharlanmakdan hem-de adam etine tamşanmakdan saplamak üçin, oňa başgaçarak etleri iýdirmegiň ugruna çykdym. Onsoň bir gün irden ony ýanym bilen tokaýa alyp gitdim. Meniň niýetim — sürüdäki owlaklaryň birini öldürip, etini öýe äkelip, nahar bişirmäge taýýarlanmakdy. Men agyla baran wagtym, ene geçiniň kölegede ýatandygyny gördüm. Onuň gapdalynda iki sany owlajygy ýatyrdy. Men Annanyň elinden tutdum-da: «Dur, butnaýma» diýip, duran ýerinden gymyldamazlygyny yşarat edip ümledim. Soňra dessine tüpeňimi çenedim-de, mäşäni gysyp, owlaklaryň birini atyp öldürdim. Görgüli hyzmatkärim ozal öz duşmanyny — ýabany adamhory öldürişimi uzak aralykdan görende bolsa, näme bolandygyna düşünmän galdy. Bu gezegem ol geň galmakdan ýaňa sandyrap, yranjyrady we agaç ýuwdan ýaly bolup duruberdi. Anna ýa-ha meniň atan owlajygymy görmedi ýa-da ony öldürendigimi aňşyryp bilmedi. Ol ýaralanyp-ýaralanmanyny barlajak bolup, geýiminiň içini sermeleşdirdi. Özüni öldürmegi ýüregime düwendirin öýdüp, güman etdimi-nämemi, ýanyma gelip, dyzyna çökdü-de, aýagymy gujaklap, birtopar düşnüksiz zatlar samraşdyrdy. Onuň: «Meni öldürme!» diýip ýalbarýandygy görnüp durdy.

Men Anna höre-köşe edip, oňa erbetlik etmejekdigime ynandyrdym, elinden tutup, ýerinden turuzdym-da, atyp öldüren owlagyma tarap elimi uzatdym. Men ylgap, owlajygy alyp gaýtmagyny buýranymda, ol tabşyrygymy derrew ýerine ýetirdi. Anna owlagyň nädip ölendigine akyl ýetirjek bolup, eýlesine-beýlesine seredişdirip durka, men tüpeňimi täzeden okladym. Şol pursatda beýleräkde, ok atym aralykda bir agajyň

üstünde gonup oturan, gyrga meňzeş ullakan bir guş gözüme kaklyşdy. Onsoň men näme etjek bolýanyma düşüner ýaly, Annany ýanyma çagyrdym we agaçda oturan guşa bakan barmagymy çommaltdym. Gyrgydyr öýtsem-de, ol asyl totuguş eken. Men Anna ilki bilen totuguşy, soňra tüpeňimi, iň soňunda bolsa agajyň düýbüni görkezip, oňa guşy nädip ýere gaçyrjakdygymy düşündirmäge synanyşdym. Ahyrsoňy, ol meniň ýaňky guşy atjak bolýandygymy aňşyrdy. Onsoň men, ol seredip durka, tüpeňiň mäşesini gysdym welin, Anna totuguşuň ýere patylap gaçanyny gördi. Şunça düşündirende bolsam, ol ýene gorkana meňzeýärdi. Şeýle-de bolsa, Anna tüpeňimiň içine hiç zat salmandygymy görensoň, has-da haýran galdy. Ol tüpeňde ýakyndan-daşdan adamlary, ýyrtyjylary, guşlary we islendik başga jandarlary öldürip, ölüm bilen weýrançylyk ýagdyrýan jadyly bir güýç bardyr öýdýärdi. Ol özünde dörän tolgunma duýgusyndan ep-esli wagtlap saplanyp bilmedi. Eger rugsat beren bolsam, onuň maňa hem-de meniň tüpeňime çokunyp, togap etmegi hem daş daldi. Anna şol wakadan soň, ençeme günläp tüpeňimi ellemäge-de gorkup gezdi. Emma görgüli hyzmatkär bir özi galan wagty, tüpeňim bilen gürleşýän ýaly gümür-sümür edýärdi. Ol pahyr asyl özüni öldürmesin diýip, tüpeňe ýalbarýar eken. Men ony soň bildim. Indi hälki waka dolanyp geleliň. Annanyň haýran galmak duýgusy az-kem peselişensoň, men oňa ylgap baryp, ýaňky atan guşumy alyp gaýtmagy buýurdym. Ol derrew ylgap gitdi, ýöne biraz eglenmeli boldy. Sebäbi çalajan ýatan totuguş aşak gaçan ýerinden hol beýlä-tarap pasyrdyklap uçupdyr. Emma Anna ony, barybir, gözläp tapdy-da, meniň ýanyma äkeldi. Men şol ikarada pursatdan peýdalanyp, edil öňki gezekdäki ýaly, oňa görkezmän, tüpeňimi ikilenç okladym. Men indi nobatdaky islendik nyşanany atyp ýykmaga taýýarlandym, ýöne gözüme ilen zat bolmady. Onsoň hälki owlajygam alyp, öýe gaýtdym we agşamlyk onuň hamyny sypyryp, başardygymdan etini bölekleşdirdim. Soňra çemelije bir gazany alyp, içine birneme et okladym-da, örän süýji çorba gaýnatdym. Men çorbany öňüme alyp iýmäge başladym, Anna-da bir tabak hödür etdim. Ol muňa diýseň begenip, çorbany hezil edinip içdi. Ýöne çorba duz goşanymy görüp, ol biçak geň galdy. Anna maňa duz iýmegiň gowy däldigini ümläp yşarat etdi. Ol bir çümmüjek duzy agzyna guýdy-da, gaýtarjak bolýan ýaly ögäp tüýkürinjiredi, agzyny süýji suw bilen çaýkady. Men bolsam, öz gezegimde bir bölek et alyp, üstüne duz sepmän iýen boldum-da, edil onuň özi ýaly ýüzümi turşudyp, tüýkürişdiren boldum. Emma, baybir, munuň peýdasy bolmady. Hyzmatkärim etine-de, çorbasyna-da duz seperli däldi, ýöne soňlugy bilen azajygam bolsa, duzly nahar iýmegi öwrendi.

Men öz hyzmatkärimi gaýnadylan etli çorba bilen naharlanymdan soň, ertesi gün oňa owlak etini daglap bermegi ýüregime düwdüm. Men ýanyp duran oduň iki tarapyna gazyk kakdym-da, olaryň üstünden bir taýagy kese goýup, oňa bir sany çiş berkitdim. Angliýada köp adamlaryň şol usuldan peýdalanýandygyny görüpdim. Onsoň owlagyň etini şol çişden ötürip, oduň üstünde usullyjak bilen aýlamaga başladym. Anna muny görüp örän begendi we bişen eti dadyp gören wagty, maňa ony nähili halandygyny düşündirjek bolup, oda-köze düşdi. Men birbada aňşyryp bilmesem-de, ol ahyrsoňy indi hiç haçan adam etini iýmejekdigini düşündirmegi başardy. Muny eşitmek meniň üçin diýseň ýakymly boldy.

Şol günüň ertesi men oňa sokuda biraz däne döwdürdim, ozalky gürrüň berşim ýaly edip, un eletdim; ol ylaýta-da, öz edýän işiniň manysyna, ýagny çörek bişirmelidigine göz ýetirensoň, gysga wagtyň dowamynda däne döwüp, un elemäge meniňçeräk ezber boldy. Soňra men nähili hamyr ýugrup, çörek bişirmelidigini hem öwretdim. Sanlyja hepdäniň içinde Anna meniň edýän işlerimiň barysyna ökdeläp gitdi.

Men indi iki sany agzy eklemeli boljakdygym barada oýlanyp ugradym. Hasyly köpeltmek üçin öňküden has uly atyza has köp däne sepmelidi. Şeýle bolansoň, men has giň meýdançany çelgiläp çykdym-da, daşyna ozalkylar ýaly haýat aýlamaga girişdim. Anna hem bu işe diňe bir uly höwes hem-de janypkeşlik bilen däl, eýsem, çäksiz şadyýanlyk bilen ýapyşdy. Men oňa öz edýän işimiziň düýp manysyny, ýagny çörek bişirmek üçin arpadyr şaly ekýändigimizi, sebäbi indi onuň meniň bilen ýaşaýandygyny, şonuň üçin-de bol hasyl almalydygyny düşündirdim. Ol hem öz gezeginde bu barada juda paýhasly hereket edip, maňa özi sebäpli gereginden artyk kösenip işleýändigimi, eger näme etmelidigini aýtsam, meniň üçin ölerini-galaryny bilmän işlejekdigini düşündirdi.

Şol ýyl meniň ada gelip düşelim bäri geçiren iň ajaýyp ýylym boldy. Anna indi arkaýyn geplemegi başarýardy. Meniň mümkinçilik tapyp adyny tutan zatlaryma hem-de ony iberen ýerlerimiň hemmesiniň atlaryna düşünýärdi. Meniň bilenem eňegi dynman lakgyldaşýardy. Gepiň keltesi, şeýlelik bilen men hem azda-kände öz dilimi ulanmaga başladym. Ozal beýle zada asla mümkinçiligim hem bolmaýardy. Anna bilen gepleşip oturmagyň ýakymlydygyndan hem başga, ol ýigdekçäniň özi hem göwnümi göterýärdi. Onuň sadalygy, dogruçyllygy maňa günbe-günden barha äşgär görünýärdi. Şonuň üçinem, ony tüýs ýüregimden gowy görýärdim. Beýleki bir tarapdan, Anna-da ömründe hiç kimi gowy görmeýşi ýaly, meni gowy görýärdi.

Bir gezek meniň kelläme: «Ol öz ýurduny küýseýärmikä?» diýen sowal geldi. Ol iňlis dilini şeýlebir gowy öwrenipdi welin, indi meniň islendik soragyma diýen ýaly jogap berip bilýärdi. Men ondan öz taýpasynyň söweşlerde ýeňiş gazanyp-gazanmaýandygyny soradym. Anna bu sowalyma ýylgyrdy-da: «Hawa, hawa, biz hemişe ökde uruşýas» — diýip, jogap berdi. Ol söweşlerde hemişe üstün çykýarys diýjek bolýardy. Şeýlelikde, biz aşakdaky ýaly gürrüňleşip başladyk:

— Anna, siz hemişe ökde uruşýan bolsaňyz, seniň özüň nädip ýesir düşdüň?

— Şonda-da biz has köp ýeňýäs.

— Ýeňýäs diýdiňmi? Eger seniň taýpaň ýeňýän bolsa, sen nädip ýesir düşüp ýörsüň?

— Meniň urşan ýerimde olar has köplükdi. Olar biri, ikini, üçi we meni tutdular. Meniň taýpam başga ýerde, meniň ýok ýerimde ýeňip, bir, iki, köp müň sany ýesir aldy.

— Onda näme üçin siziňkiler sizi duşmanyň elinden halas etmäge gelmediler?

— Olar biri, ikini, üçi we meni gaýykly alyp gaçdylar. Şol wagt meniň taýpamda gaýyk ýokdy.

— Anna, ýeri, bolýa. Seniň taýpaň ele düşen ýesirleri näme edýär? Olaram duşmanlar ýaly, ýesirleri äkidip iýýälermi?

— Hawa, meniň taýpam hem ýesirleri iýýär; hemmesini iýýär.

— Olary nirä äkidýäler?

— Nirä isleseler, şol ýere äkidýäler.
— Olar bärigem gelýälermi?
— Hawa, hawa, olar bu ýere-de gelýäler, başga ýerlere-de gidýäler.
— Sen olar bilen öň bu ýere gelip gördüňmi?
— Hawa, ho taýyk gelip gördüm (ol adanyň demirgazyk-günbatar tarapyna elini uzatdy. Çaky, şol ýer bularyň taýpasynyň gelip-gidýän künjegi bolmalydy).
Şonda men hyzmatkärim Annanyň ozal adanyň uzak künjegindäki kenara gelip gidýän wagşylaryň arasynda bolandygyna göz ýetirdim. Soňky gezekde bolsa onuň özüni adam eti iýilýän meýlisde şamlyk edinmek üçin getiripdirler. Şondan bellibir wagt geçensoň, men ýüregimi bire baglap, ony şol öňki gürrüň beren ýerime alyp gitdim. Anna o taýyny şobada tanady. Ozal bu ýere gelendigini, şol gezek ýigrimi sany erkek adamy, iki sany aýaly hem-de bir çagany iýendiklerini aýtdy. Ol iňlisçe ýigrimi diýip bilmänsoň, bir topar daşy hatara düzüşdirdi-de, barmak basyp, sanap görkezdi.
Ýokarda Anna bilen eden gürrüňimi ýazmagymyň sebäbi, ol indiki wakalar bilen dahylly. Şol gürrüňdeşlikden soň, men ondan şu adadan onuň ýaşaýan ýerine çenli näçeräk aradaşlyk bardygyny, gaýyklaryň ýygy-ýygydan heläkçilige uçrap-uçramaýandygyny soradym. Anna maňa hiç hili howp-hatar ýokdugyny, gaýyklaryň hiç haçan gark bolmaýandygyny aýtdy. Ýöne aňyrlygyna biraz ýüzeniňden soň, irden hemişe bir tarapa, öýlän bolsa ters tarapa akýan akym bilen, şoňa görä, öwüsýän şemal bar eken.
Men ilkibaşda Annanyň aýdýan şol akymy daşgyn bilen gaýtgyndan döreýändir öýtdüm, ýöne onuň biziň adamyzyň gabat garşysynda ummana gelip guýýan mähnet Orinoko derýasynyň akymynyň dowamydygyna soňraky tejribelerim arkaly göz ýetirdim. Meniň adamyň demirgazyk-günbatarynda salgym atyp görünýän gury ýer zolagy bolsa, derýanyň guýýan ýeriniň demirgazyk tarapynda ýerleşýän ullakan Trinidad adasy bolup çykdy. Men ol ada hakda, ol ýeriň ýaşaýjylary, deňzi, kenarýakasy hem-de şol töwerekde başga nähili taýpalaryň ýaşaýandygy barada Annanyň üstüne müňlerçe sorag ýagdyrdym. Ol ähli bilýän zatlaryny uly höwes bilen gürrüň berdi. Men ondan şol ýerdäki dürli-dürli taýpalaryň nähili atlandyrylýandygy hakda soranymda, ol diňe: «Karib, karib» diýip şol bir sözi gaýtalaýardy. Biziň kartalarymyzda görkezilişi ýaly, karibler Orinoko derýasynyň guýýan ýerinden Gwiana, hatda ondan aňyrdaky Keramatly Marta adasyna çenli uzalyp gidýän zolakda ýaşaýardylar. Mundan başga-da, ol Aýdan hem aňyrda, ýagny Aýyň batýan tarapynda (megerem, olaryň ýurdunyň günbatar tarapynda), edil meniň ýaly ak sakgally adamlaryň ýaşaýandygyny gürrüň berdi. Anna sözüniň arasynda meniň uzyn sakgalsapyma barmagyny çommaldýardy. Onuň gepine ynansaň, ol ak sakgallylar juda köp adamy gyrypdyrlar. Men gep urşundan onuň ispanlar barada aýdýandygyna dessine düşündim. Olaryň Amerikada eden zalymlyklary agyzdan-agza geçip, jümle-jahana ýaýrapdy. Ähli taýpalaryň olar hakdaky ýatlamalary atadan-ogla geçip gelýän eken.
Özümiň nädip şu adadan gidip, şol akýagyz adamlaryň ýanyna baryp biljekdigimi aýtmagyny men ondan haýyş etdim. Ol maňa: «Hawa, hawa, iki sany gaýykda gidip

bilersiňiz» diýip jogap berdi. Men birbada onuň näme diýjek bolýanyny aňşyryp bilmedim. Ol iki sany gaýyk diýip, nämäni göz öňünde tutýanyny düşündirmegi başarmady. Ahyrsoňy, men onuň iki sany gaýyga barabar bir ullakan gaýyk barada aýdandygyny aňladym. Annanyň bu gürrüňleri diýseň keýpimi göterdi. Şol günden soň, irde-giçde şu adadan gaçyp gutulmaga mümkinçilik tapjakdygym, bu görgüli ýabanynyň bolsa gaçmaga goltgy berjekdigi barada mende täzeden umyt döräp başlady.

Indi Anna bilen bilelikde ýaşap ýörenime ep-esli wagt boldy. Ol meniň bilen gürleşip, düşünişip bilýärdi. Şonuň üçinem onuň aňyna dini düşünjeleriň guýulmagyny kem görmeýärdim. Onsoň bir gezek ondan özüni kimiň ýaradandygyny soradym. Ol pahyr meniň näme diýýänime düşünmän, öz kakasy barada soraýandyryn öýtdi. Onsoň men başgaçarak çemeleşip, ondan deňizleri, üstünde ýöreýän topragymyzy, daglary, tokaýlary kimiň döredendigini soradym. Ol maňa: «Bar zatdan ýokarda ýaşaýan ýeke-täk Benamuki bar» diýip jogap berdi. Emma Anna ol ajaýyp adamyň örän garrydygyndan başga suwytly bir zat aýdyp bilmedi: «Ol örän garry, deňizden, ýerden, Aý bilen ýyldyzlardan hem garry». Onsoň men oňa ýüzlendim: «Ýeri, bolýa, eger şol garry adam bar zady döreden bolsa, onda näme üçin hemme zat oňa ybadat etmeýär?» Anna örän çynlakaý keşbe girende, onuň nähili türkanadygy mese-mälim bildirip durdy. Ol birsalymdan dil ýardy: «Bar zat oňa O diýýär». Onsoň ondan öz ýurdunda amanadyny tabşyran bendeleriň bir ýere gidip-gitmeýändigini soradym. Ol: «Hawa, olaryň hemmesi Benamukiniň ýanyna gidýär» diýip jogap berdi. Soňra men ondan: «Iýýän adamlaryňyz hem şol ýere gidýärmi?» diýip soradym. Anna ýene-de: «Hawa» diýdi.

Şeýlelikde, men oňa hakyky Ýaradan baradaky düşünjäni öwretmäge başladym. Elimi asmana uzadyp, barça zady ýaradan hakyky Biribaryň Arşdadygyny gürrüň berdim. Onuň tutuş älem-jahany ilkibaşda ýaradanyndaky häkimiýeti we hikmeti bilen dolandyrýandygyny, ähli zada hökümini ýöredýändigini, bize isledigiçe hökümini ýöredip, hemme zady berip we alyp bilýändigini birin-birin düşündirdim. Şeýdibem, kem-kemden onuň «gözüni açdym». Ol meni üns bilen diňleýärdi, Isa pygamberiň bizi halas etmek üçin iberilendigine monça bolýardy. Biziň Ýaradana nähili görnüşde ybadat edýändigimiz, Onuň bizi hatda Arşdan hem eşidýändigi hakda haýran galyp diňleýärdi. Bir gün ol maňa Biribarymyz bizi Günüň aňyrsyndan hem eşidýän bolsa, onda Onuň Benamukiden has beýik bolmalydygyny aýtdy. Ol aýtmyşlaýyn, Benamuki golaý-goltumda ýaşaýanda bolsa, onuň mesgeni bolan gojaman daglara gatnap, tä bizar edýänçäň, onuň adamlaryň aýdanyny eşidip, jogap gaýtarjak gümanasy ýok eken. Men Annadan: «Şol daga baryp, onuň bilen gürleşjek bolduňmy?» diýip soradym. Ol o ýere ýaş-ýeleňleriň hiç haçan gitmeýändigini, diňe «uwokeki» diýlip atlandyrylýan gojalaryň gidýändigini düşündirdi. Gyzyklanyp görsem, uwokekiler ýerli taýpalaryň ruhanylary eken. «O» diýilýänler, ýagny doga-dileg edýänler, ana, şolar bolup çykdy. Olar dagdan gaýdyp gelen mahaly, Benamukiniň näme aýdandygyny obadaşlaryna ýetirýän eken. Şonda men dünýädäki iň bir köre-kör, nadan butparazlaryň arasynda-da ruhanyçylyk kesbiniň bardygyna göz ýetirdim. Diýmek, halkyň ruhanylara bolan sylag-sarpasyny goldamak üçin dini

gizlin saklamak edähedi diňe bir Rimde däl, megerem, dünýäniň ähli dinlerinde, hatda iň bir wagşy, nadan taýpalaryň arasynda-da ýörgünli eken.

Men öz hyzmatkärim Annany bu ýalandan saplamaga synanyşdym, taýpanyň ýaşulularynyň daga gidip, Benamukä «O» diýmekleriniň aldawdygyny aýtdym. «Olaryň dagdan Benamukiniň sözüni alyp gelmekleri barypýatan kezzaplyk» diýdim. «Eger olar şo taýda nämedir bir zat bilen gepleşip, soraglaryna jogap eşidýän bolsa, onda ol hökman melgunyň işidir» diýdim. Soňra men Anna bilen uzak wagtlap oturyp, şeýtan barada, onuň gelip çykyşy, Hudaýyň garşysyna gidişi, adamzada bolan duşmançylygy, onuň beýtmeginiň sebäpleri barada gürrüň etdim. Biribara derek özüne ybadat ediler ýaly, özüne Hudaý diýdirer ýaly, şeýtanyň dünýäniň garaňky künjeklerinde ýaşaýandygy, adam oglunyň ýoluny urduryp, sandan çykmagy üçin her tüýsli pirimler gurnaýandygy hakynda aýdyp berdim. Şeýtanyň biziň haý-höweslerimize, ynjyk duýgularymyza nähili assyrynlyk bilen aralaşýandygyny, biziň ýykgyn edýän närselerimize görä, öz kerebini örýändigini düşündirdim. Şeýlelik bilen, onuň bizi öz-özümize meçew berip, öz elimiz bilen aýagymyzdan palta urmaga iterýändigini açyp görkezdim.

Şeýtan baradaky hakykatlary onuň aňyna guýmak Hudaýy tanadyşym ýaly aňsat düşmedi. Älem-jahanyň ýaradylyşyndaky başlangyç hikmetiň, bar zada hökümini ýöredip dolandyrýan güýjüň, bizi pynhanlyk bilen ugrukdyrýan takdyryň zerurdygy hakynda, bizi ýaradan Taňra tagzym etmegiň hakdygy we adalatlydygy we ş.m. barada aýdan delillerimi subut etmekde Biribaryň özi maňa ýardam beripdi, ýöne welin, içiňi ýakaýyn diýýän ýaly, şeýtan barada, onuň gelip çykyşy, barlygy, hüý-häsiýeti barada, iň esasy zat hem, onuň şer işlere ýykgyn edýändigi, bizi hem şol zeýilli pyssy-pyjurlyklara iterýändigi dogrusynda kelläme ýerlikli subutnamalar gelmeýärdi. Ýüregi arassa Anna görgüli bolsa, bir sadaja soragy bilen başymy çaşyrdy. Men näme diýjegimi bilmän, ýuwdunyp duruberdim. Onsoň men Biribaryň häkimiýeti, Onuň bar zada hökümini ýöredýändigi, günä işleri halamaýandygy, ahlaksyzlygy alawlarda köýdürýändigi hakynda has giňişleýin gürrüň berdim. Ýaradanyň edil bizi ilkibaşda ýaradyşy ýaly, biziň hemmämizi, külli älem-jahany dem salym pursatda ýer bilen ýegsan edip biljekdigini howlukman düşündirdim. Anna meniň aýdan gürrüňlerimi örän çynlakaý görnüşde üşerilip diňleýärdi. Şondan soň şeýtanyň adamlaryň ýüreginde Biribara nähili duşmançylyk oýarýandygyny, onuň Hudaýyň ýagşy işlerini, dünýäniň ýüzünde guran düzgün-nyzamyny bozmak üçin müň dürli hileler bilen al salýandygyny men ýanjap aýtdym. «Ýeri, bolýa! — diýip, Anna söze başlady. — Hudaý şonça güýçli, şonça gudratly diýýäň, Ol şeýtandanam güýçlümi?». «Hawa, hawa! — diýip, men ony alyp göterdim. — Anna, Biribar şeýtandan güýçli, Ol şeýtandan rüstem, şonuň üçinem biz Taňrydan dileg edip, melguny biziň aýak astymyzda depeletmegini, bizi onuň hilelerinden hem-de otly peýkamlaryndan goramagyny soraýarys». Anna maňa ýene-de sowal bilen ýüzlendi: «Eger Biribar şeýtandan güýçli bolsa, onda Ol näme üçin bet işlere baş goşmaz ýaly päliýaman şeýtany öldürmeýärkä?». Men bu soraga haýran galyp aljyradym. Herniçik-de bolsa, gartaşan adamdygyma garamazdan, kynçylyklary çözüp bilýän kazuist bolardan heniz irdi. Men birbada näme aýtjagymy bilmedim.

Eşitmediksirän bolup, ondan näme diýenini soradym. Anna soragyny ýatdan çykarmak beýlede dursun, gaýtam jogabyny eşitmäge howlugyp, ýaňky sowalyny sözme-söz gaýtalady. Şol böwşeňlikde men az-owlak özümi dürsäp: «Biribar oňa ahyr bir gün gaty erbet jeza berer. Oňa magşar gününe çenli zat diýilmez, şol gün gelip ýetende bolsa, baky alawlarda ýanar ýaly, ony düýpsüz çukura taşlarlar» diýdim. Anna bu jogap bilen kanagatlanman, maňa tarap öwrüldi-de, meniň sözlerimi tekrarlady: «Zat diýilmez diýýäniňe düşünmedim. Ony şu wagt, hatda birwagt öldüren bolanlygynda bolmaýarmy?» Men biraz dogumlanyp gürledim: «Ýaradanyň halamaýan etmişini eden wagtymyz Ol näme üçin meni ýa-da seni öldürmeýärkä diýip soramagyň hem mümkin. Bize toba edip, günämiz bagyşlanar ýaly puryja berilýär». Ol birsellem pikirlenip oturdy-da: «Dogry, dogry, onda, diýmek, sen, men, melgun, zalym adamlarda, bize ähli ýazyklylara toba edip, ýülner ýaly puryja berilýär. Hudaý bolsa bagyşlaýar» diýip tolgunyp gepledi. Men muny eşidenimden soň, ýene-de uly hyjuw bilen düşündirmäge durdum. Şol sorag-jogap maňa tebigatdan gelip çykýan ýönekeý düşünjeleriň pähimli adamlary Hudaýy tanamaga, onuň huzurynda ybadat etmäge, öz ýaradylyşymyzyň netijesi hökmünde, diňe ylahy ylham arkaly Isa pygamber baradaky hakykaty öwrenmäge, oňa arşy-agzamdan keramatly kitabyň inderilendigini bilmäge iterýändigini aýyl-saýyl açyp görkezipdi. Ýagny bu zatlar diňe Taňrynyň ýüregimize guýmagy bilen bolup bilýärdi. Şonuň üçin-de, Isa pygambere berlen keramatly Injil adamlary tämizläp, dogrulyga gönükdirýärdi. Onda Biribaryň barlygy hem-de bendelerine medet berýändigi ýazylgy.

Men gürrüňiň arasyny bölüp, hamana, bir zat bolan ýaly, birdenkä ýerimden zöwwe turdum-da, Anna bir ýumuşjyk buýrup, allowarra ugratdym. Onsoň Biribara tüýs ýüregimden mynajat edip, ýabany biçäräni öz ýoluna ugrukdyrmagyma kömek etmegi üçin ýalbardym. Biribaryň kelamyny okanymda, Annanyň ynanjynyň güýçlenip, gözüniň açylmagyny we halas bolmagyny diledim. Gaýdyp geleninden soň, ýene uzak wagtlap oturyp, Isa pygamber hem oňa Arşdan inderilen keramatly kitap barada, Biribaryň huzurynda toba edip, Isa pygambere uýmalydygy hakynda men oňa gürrüň berdim. Soňra Isa pygamberiň näme üçin perişde bolup däl-de, Ybraýym pygamberiň sulbundan dünýä inendigini men oňa düşündirdim. Hudaýyň huzuryndan kowlan perişdeleriň ýalkanmajakdygy, Isa pygamberiň Ysraýylyň pida bolan ogullaryny halas etmek üçin iberilendigini aýdyp berdim.

Hudaý şaýatdyr, bu biçäre ýabana bir zatlar öwretmek üçin saýlap alan ýolum maglumata däl-de, ýürekdeşlige esaslanýardy. Oňa zat öwretjek bolup oturyşyma, ozal maňa näbelli bolan ýa-da üstünde kelle döwmedik, gepleşip otyrkak birdenkä öz-özünden aňyma gelýän köp zatlary özümiňem öwrenendigimi boýun alaýyn. Bu meseleler bilen gyzyklandygymça, olar indi ozalkysyndan has ýüregime ýakyn görünýärdi. Şol sebäpli, bu görgüli ýigidiň maňa sataşmagy gowulyga ýa-da erbetlige bolsa-da, onuň gelenine begenmek üçin uly tutarygym bardy. Gaýgy-gussalarym sabaşyp, öýümdäki ýaşaýşym ynanyp bolmajak derejede rahatlyga gurşalypdy. Bu adada ýeke özüm ýaşamaga mejbur bolan wagtym, asmana garap, meni bu ýere oklan eli gözleýşim ýadyma düşýärdi. Indi bolsa, men bir biçäre ýabanynyň ilki janyny,

soňra imanyny halas etmäge, oňa hakyky dini düşünjäni we hristian ygtykadyny öwretmäge, ebedi ýaşaýşa çagyrýan Isa pygamberiň kimdigini düşündirmäge Hudaý tarapyn laýyk görlüpdim. Şu zatlary aňymda aýlan mahalym, ýüregimi pynhan bir şatlyk gurşap alardy, şu ada gelip düşenime ýygy-ýygydan begenerdim. Ozallar welin, bu ada düşmegime başymdan inip biljek iň agyr külpet hökmünde garaýardym. Men galan ähli günlerimi hem şunuň ýaly şükür edip geçirdim. Anna bilen aramyzda ençeme sagatlap dowam edýän gürrüňdeşlikler, eger ýeriň ýüzünde juda bagtyýarlyk diýlen zat bar bolsa, onda bilelikde ýaşan üç ýylymyzyň örän şadyýan we bagtyýar geçmegine sebäp bolupdy. Ýabany hyzmatkärim indi dine uýmakda menden artyk bolmasa, kem däldi. Ikimiziňem deň derejede toba edip, ýazyklarymyzyň ötülendigine umyt baglap, men Biribara şükür edýärdim. Bu ýerde hem Hakyň kelamyny okap bilýärdik we edil Angliýadaky ýaly biz Taňrynyň nuruna ýakyndyk.
Men her gün irmän-ýadaman Injil okaýardym, olaryň manysyny başardygymdan Anna-da düşündirýärdim. Aýdyşym ýaly, ol hem çynlakaý soraglary bilen Injili özbaşyma okan wagtymdakydan has gowy özleşdirip, ele almagyma sebäp bolýardy. Bu ýerdäki durmuşymyň soňky ýyllarynda tejribe esasynda göz ýetiren ýene bir zadymy hem aýtman geçip biljek däl. Biribara hem-de Isa pygamberiň hemaýaty bilen halas bolmak ýörelgesine bolan ynanjyň tükeniksiz, aýdyp-diýip düşündirip bolmaýan bereketi Hakyň kelamynda şeýlebir aç-açan, ýeňil görnüşde beýan edilipdir welin, dine Injiliň özüni okamaklyk maňa hiç kimden kömek soramazdan, öz borçlarymy ýerine ýetirmäge, günälerim üçin tüýs ýüregimden toba etmäge, halas bolmak umydy bilen hezreti Isa gol uzatmaga, öz edim-gylymlarymy düzetmäge, Hudaýyň buýruklaryna boýun synmaga ömürboýy ýeterlik boldy. Şol aç-açan maglumatlar bu ýabany bendäniň iman getirmegine, onuň maňa ömrümde kän duş gelmedik terzde hakyky hristian bolup ýetişmegine hyzmat etdi.
Dünýäde din hakynda, isle, taglymatlardaky ynjyk meseleler, isle-de, kilise häkimiýetiniň meýilnamalary boýunça bolup geçýän ähli çekeleşikler, jedeller, dawa-jenjeller we dürlüçe garaýyşlar barada aýtsam, olaryň hemmesi biziň üçin barypýatan bihuda zatlardy. Aslynda, olaryň il-güne-de üýtgeşik bir derkary ýokdy. Biz Hakyň kelamynyň esasy ýol görkezijidigine, Biribaryň bizi öz nury bilen ähli hakykatlara ugrukdyrýandygyna, Injildäki buýruklara boýun synmak bilen, Biribaryň hikmetine ýetjekdigimize, Hudaýa şükür, tüýs ýüregimizden ynanýardyk. Diniň dünýäde munça düşünişmezlige sebäp bolýan jedelli meselelerini daş ýany bilen biläýenimizde-de, olaryň bize nepiniň degmejegine men düşünýärdim. Indi bolsa, hekaýatymyza dolanyp, bar zady ýerbe-ýer gürrüň bereýin.
Anna bilen içgin tanşanymdan, ol hem aýdýan zatlarymyň hemmesine diýen ýaly düşünip, çalgyrdrak hem bolsa, iňlis dilinde örän aňsat gürlemegi öwrenensoň, men oňa ähli başdan geçirenlerimi, iň bolmanda, bu ada nähililik bilen gelip düşendigimi, bu ýerde näçe wagtlap, nähili ýaşandygymy gürrüň berdim. Oňa syr bolup görünýän däri bilen peşeňi ulanyp, nädip tüpeň atmalydygyny öwretdim. Men oňa pyçak berdim welin, ol begenjinden uçaýjak boldy. Biziň Angliýada dakynýanymyz ýaly hanjar asylýan halkalyja kemer ýasadym. Hanjara derek Anna paltajyk berdim, sebäbi ol ýarag hökmünde-de, başga işler üçinem örän çemeli boljakdy.

Men Anna Ýewropa hem-de öz watanym bolan Angliýa barada gürrüň berdim. Nähili ýaşaýandygymyzy, Biribara nähili ybadat edýändigimizi, birek-birege nähili çemeleşýändigimizi, gämiler arkaly dünýä-niň çar künjeginde nähili täjirçilik işleri bilen meşgullanýandygymyzy düşündirdim. Ýüzüp gelýän gämimiň deňizde heläk bolşy barada aýtdym, gäminiň saýlyga süsdürilen ýerini çak bilen görkezdim. Onuň bölekleri bireýýäm owranyp, suwa akyp giden eken. Men Anna gämiden gaçan wagtymyz suwa gapgarylan gaýygymyzyň onda-munda dagap ýatan böleklerini görkezdim. Men birwagtlar näçe dyrjaşsam-da, ony ýerinden gozgap bilmändim. Gaýyga gözi düşende, Anna esli salym oýurganyp durdy, ýöne hiç zat diýmedi. Men näme pikir edýänini soranymda, ol ahyry: «Meniň taýpama-da şunuň ýaly gaýygyň gelenini görüpdim» diýip dil ýardy. Men onuň näme diýjek bolanyny birbada aňlap bilmedim, ýöne biraz pikirlenenimden soň, şuňa meňzeş bir gaýygyň olaryň ýaşaýan ýeriniň kenarýakasyna gelendigine düşündim. Anna aýtmyşlaýyn, ol gaýyk ýeliň ugruna ygyp gelipdir. Haýsydyr bir ýewropaly gäminiň şol kenaryň duşundan ötüşi, gaýygyň bolsa urgandan sypyp, akyp gaýdyşy meniň derrew göz öňüme geldi. Men şonda küteklik edip, adamlaryň gark bolan gämiden gaçyp gaýdan bolmaklarynyň mümkindigini güman hem etmändirin. Gaýygyň nireden gelendigini-de soramandyryn. Şeýlelikde, men Annadan gaýygyň diňe daşky görnüşini suratlandyrmagyny haýyş etdim. Anna ol gaýygy jikme-jik suratlandyryp berdi we «Biz ak adamlary gark bolmakdan halas etdik» diýen mähirli sözleri bilen, wakany göwnejaý düşündirdi. Men derrew ondan, öz aýdyşy ýaly: «Gaýykda akýagyz adam barmydy?» diýip soradym. Ol: «Hawa, gaýyk ak adamlardan doludy» diýip jogap berdi. Näçe adamdygyny soranymda, «on ýedi sany» diýip, barmak basyp sanady. Olaryň ykbaly barada gyzyklananymda, Anna: «Olar taýpamyzyň arasynda ýaşaýar» diýip jogap gaýtardy.

Bu açyş meniň kelläme täze pikirler getirdi. Gaýykdaky adamlaryň meniň adamyň gözýetiminde gark bolan gäminiň ekipažy bolmagy ähtimaldy. Megerem, gäminiň gaýa urlup, gutulgysyz gark boljagyna gözleri ýetensoň, olar gaýyga münendirler-de, wagşylaryň ýaşaýan kenarlaryna baryp düşendirler. Onsoň men çynlakaý görnüşe girip, olara näme bolandygyny ýene bir gezek soradym. Anna olaryň indi dört ýyldan bäri şol ýerde ýaşaýandygyny, wagşylaryň olary öz erkine goýup, iýer-içer ýaly azyk-owkat berendiklerini gürrüň berdi. Men akýagyzlary näme üçin öldürip iýmändiklerini biljek boldum. Anna: «Ýok, olar dogan boldular» diýdi. Gep urşundan, olar ýerliler bilen ylalaşyk baglaşan bolmalydy. Soňra ol: «Biziňkiler diňe söweş bolanda, ýesirleri iýýäler» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Diýmek, ýabanylar söweşde ýesir düşen tussaglardan başga adamyň etini iýmeýän bolarly.

Şondan soň ep-esli wagt geçipdi. Biz bir gün adanyň gündogar tarapynda, öň aýdyşym ýaly, açyk howada gury ýere, has dogrusy, Amerika yklymyna gözüm düşen baýrymyň üstünde, herimiz bir ýerräkde otyrdyk. Asmanda kir-kimir ýokdy. Anna gözýetimdäki gury ýer bölegine tarap çiňerilip seredýärdi. Ol birdenkä atylyp turdy-da, begenjinden ýaňa diriň-diriň bökmäge, tans etmäge başlady. Men näme bolanyny soradym. Ol: «Hezillik, hezillik! — diýip gygyrýardy. — Ana, meniň ýurdum, ana, meniň taýpam!» Ony çakdanaşa begenç duýgusy gaplap alypdy, gözleri

şatlyk bilen uçganaklaýardy, hamana diýersiň, ýurduna dolanasy gelýän ýaly, ýüz-gözi bir ýazylyp, bir büzülýärdi. Bu boluş meni uly alada goýdy, men täze hyzmatkärim Anna barada birbada iňkise gitdim. Eger ol bir gün öz taýpasyna baryp goşulsa, diňe bir dinini däl, belkem, maňa bolan borçlarynam ýadyndan çykaryp, meni öz taýpadaşlaryna şugullaýmagam daş däldi. Onsoň olaryň, belki-de ýüz, iki ýüz adam bolup dolanyp gelip, meni iýmekleriniň, Annanyň bolsa şol şagalaňa öň ýesirleri iýşi ýaly uly höwes bilen gatnaşmagynyň mümkindigi barada göwnüme güman gitdi. Ýöne bu görgülä düýbünden ters düşünenime soň-soňlar men gaty ökündim. Şeýle-de bolsa, meniň şübhäm barha güýçlenip, ençeme hepde dowam etdi. Ätiýaçly hereket edip, oňa öňküler ýaly ýüz bermän, sowuk-sala gürleşýärdim. Meniň şol bolşum, şübhesiz, nädogrudy. Göwnüne zat getirmän, hakyky hristian we minnetdar dost hökmünde ak ýürekli, ýagşylyga düşünýän hyzmatkärim bolsa, iň gowy ýörelgelerden ugur alýan eken. Bu zatlar ýüze çykan mahaly meniň ýüregim aram tapdy.
Şol wagtyň dowamynda, başga nätüýsli pikirleri barka diýen şübhe bilen, her gün Annanyň «agzyny ysgap görýändigim» eýýäm düşnüklidir. Emma onuň her bir aýdýan zady şeýlebir sadady, şeýlebir ýürekdendi welin, men öz şübhelerimi esaslandyrmaga tutaryk tapyp bilmeýärdim. Meniň ynjalykdan düşüp ýörendigime seretmezden, ol ahyrsoňunda täzeden doly ynamyma girdi. Ol hatda meniň biynjalyk bolýandygymy hem aňmaýardy. Bu bolsa onuň päkýürekliliginiň ýene-de bir subutnamasydy.
Bir gün ýene şol öňki baýryň üstüne bardyk. Deňziň ýüzi ümürli bolansoň, alysdaky gury ýer bölegi görünmeýärdi. Şonda men Anna sowal bilen ýüzlendim: «Anna, öz ýurduňa, öz taýpaň arasyna gidesiň gelýärmi?». Ol: «Hawa! — diýip dillendi. — Öz taýpamyň arasyna barsam, örän şat bolaryn». «Sen ol ýerde näme etmekçi? — diýip, men ýene sorag berdim. — Sen ýene ýabanylaşyp, adam etini iýermidiň, ozalkyň ýaly wagşy bolarmydyň?» Ol maňa örän ünjüli garap, başyny ýaýkady: «Ýok, ýok, Anna olara gowy ýaşaň diýer; Biribara ybadat ediň diýer; olara çörek bilen dowar etini iýiň, süýt içiň diýer; adam iýmeli däl diýer». Men söz nobatyny alyp: «Beýtseň, olar seni öldürer ahyryn» diýdim. Ol garaçyny bilen: «Ýok, ýok, olar meni öldürmez, olar öwrenmegi halaýar» diýip jogap berdi. Ol öz taýpadaşlarynyň öwrenmäge döwtalaplygyny aýtjak bolýardy. Anna öz urugdaşlarynyň gaýykda gelen sakgally adamlardan kän zatlary öwrenendiklerini hem sözüniň üstüne goşdy. Soňra men: «Obaňa dolanjakmy?» diýip soran mahalym ol ýylgyrdy-da, onça aralyga ýüzüp gidip bilmejekdigini aýtdy. Men oňa gaýyk ýasap berjekdigimi aýdamda, ol diňe menem ýany bilen gitmäge razy bolsam, gitjekdigini aýtdy. Men tersime tutup: «Bile diýdiňmi? Eger o ýere baraýsam, meni iýerler» diýenimde, Anna «Ýok, ýok! — diýip janykdy. — Men seni iýdirmän, gowy gördürerin». Ol meniň duşmanlaryny öldürip, janyny halas edişim barada gürrüň bersem, meni gowy görjekdiklerini düşündirjek bolýardy. Soňra ol başardygyndan, heläkçilige uçrap öz kenarlaryna ýüzüp gelen on ýedi sany ak adama nähili hoşniýetli çemeleşendiklerini aýdyp berdi.
Boýnuma alaýyn, men şol pursatdan, bagtymy synap, şol sakgally adamlaryň ýanyna gitmegiň kül-külüne düşdüm. Olaryň portugal ýa-da ispandygyna birjik-de şübhäm

ýokdy. Eger bu maksadym başa barsa, onda şol akýagyzlar bilen bilelikde bu jelegaýlardan halas bolmagyň bir usulynyň tapyljakdygyna ynanýardym. Sebäbi, yklymdan kyrk mil aradaşlykda ýerleşýän adadan ýeke özümiň gitmegime hiç hili mümkinçilik ýokdy. Şeýlelik bilen, birnäçe gün geçensoň, ýene-de gep-gürrüň bilen Annanyň daşyna geçip ugradym. Öz taýpasyna gider ýaly oňa gaýyk berjekdigimi aýtdym. Onsoň ony adanyň beýleki tarapynda bukup goýan gaýygymyň ýanyna alyp gitdim. Gaýygyň içindäki suwy serpip aýyrdym (sebäbi men ony hemişe suwa çümdürip goýýardym) we Anna görkezdim. Soňra ikimizem gaýykda jaýlaşdyk. Anna gaýygy ugrukdyrmaga juda ezber eken, ol gaýygy edil mençeräk çalt ýüzdürýärdi. Gaýykda otyrkak, men oňa: «Ýeri, Anna, aýt bakaly, öz taýpaňa gidesiň gelýärmi?» diýip ýüzlendim. Ol meniň bu sözlerime örän geň galyp, maňa seretdi, bu kiçijik gaýygyň onça aralyga ýüzüp biljegine ynanmadyk bolarly. Soňra men onda mundan has uly ýene-de bir gaýygymyň bardygyny mälim etdim. Şol günüň ertesi men Annany yzyma tirkäp, ilkibaşda ýasap, ýerinden gozgap bilmedik gaýygymy goýan ýerime tarap ýola düşdüm. Ol gaýygyň ýeterlik derejede uludygyny aýtdy. Emma ýigrimi iki, ýigrimi üç ýyllap idi-yssywatsyz şol ýerde özbaşyna taşlamsoň, gaýyk Günüň yssysyna darka-darka ýarylyp, çüýräp giden eken. Anna şunuň ýaly gaýygyň örän gowudygyny, «oňa daş ýany bilen azyk, suw, çörek salyp» boljakdygyny çalgyrtlap aýtdy. Onuň şeýdip çalgyrt gürlemek häsiýeti bardy.

## XVI bap

Men Anna bilen bilelikde yklyma gitmegi pugta ýüregime düwüpdim. Onsoň oňa öz ýurduna dolanar ýaly çüýrän gaýygyň ululygynda täze gaýyk ýasamagy teklip etdim. Ýeke söz hem aýtman dyman Anna örän agras we gaýgyly görünýärdi. Ondan näme bolýandygyny soradym. Ol maňa: «Näme üçin Anna gaharlanýaň? Men näme etdim?» diýen sowal bilen ýüzlendi. Men ondan näme diýjek bolanyny soradym, oňa hiç hili gaharymyň gelmeýändigini aýtdym. Anna: «Gaharly däl!» diýip, telim gezek şol bir sözi gaýtalady-da, ýene sorag berdi. «Näme üçin Annany öz taýpasyna iberjek bolýaň?» Men: «O nähili, Anna, seniň özüň şol ýere gidesim gelýä diýmediňmi?» diýip suňşurdym. «Hawa, hawa — diýip, Anna sözümi alyp göterdi. «Siziň bilen bile gidesim gelýä. Eger hojaýyn bolmasa, Annanyňam gidesi gelmez». Gepiň tümmek ýeri, ol meni taşlap gidibererli däldi. «Anna, menem gideýinmi? O taýda men näme ederin?» diýip, ýene-de onuň taryna kakdym. Ol şobada jogaby nagt edip: «Sen köp ýagşy işler edersiň. Sen ýabany adamlara gowy, akylly, sypaýy bolmagy öwredersiň. Olara Hudaýy tanamagy, Oňa ybadat etmegi we täzeçe ýaşaýşa başlamagy öwredersiň» diýdi. Men: «Wah, Anna! Sen näme diýýäniňi bileňok. Meniň özüm nadanyň biri ahyryn» diýip jogap berdim. «Ýok, ýok» diýip, ol tekrarlady. «Sen maňa gowulygy öwretdiň, olara-da gowulygy öwredersiň». «Ýok, ýok, Anna! — diýip, men eňegime tutdum. — Sen mensiz gidiber. Men bu ýerde galyp, öňkim ýaly ýaşar ýörerin». Ol ýene-de meniň sözlerime düşünmän, ýaýdanyp durdy-da, birdenem ýanynda göterip ýören paltalarynyň birini ylgap baryp eline aldy we maňa uzatdy. «Muny näme edeýin?» diýip soranymda, ol: «Şuny alyp, Annany öldür»

diýip jogap berdi. «Men seni näme üçin öldüreýin?» diýip soranymda, Anna şeýle diýdi: «Sen näme üçin Annany iberýäň? Annany öldür, ýöne Annany iberme». Ol muny şeýlebir ýüreginden syzdyryp aýtdy welin, onuň gözlerine ýaş aýlanandygyny gördüm. Bir söz bilen aýdanymda, ondaky maňa bolan çäksiz söýgi şeýlebir äşgär boldy welin, men ýanymda galasy gelse, ony ibermejekdigimi aýtdym we muny soň-soňlar hem ýygy-ýygydan ýatladyp durdum.
Şol sorag-jogaplardan soň, Annanyň maňa bolan gyzgyn söýgüsiniň bardygyna, hiç bir zadyň ony aýryp bilmejekdigine, ýurduna dolanyp barmak baradaky höwesiniň bolsa, öz taýpasyna bolan gyzgyn söýgüsinden hem-de öz taýpadaşlaryna ýagşylyk edip biljekdigim baradaky tamasyndan gelip çykýandygyna göz ýetirdim. Muny nähili amala aşyrjagymy bilmeýändigim üçin, Annanyň aýdýan işine baş goşmaga ne-hä niýetim, ne-de ony öz boýnuma almaga höwesim bardy. Emma meniň bu ýerden gaçyp gitmäge bolan islegim henizem güýçlüdi. Annanyň gürrüň beren on ýedi sany sakgally adamyna umyt baglaýardym. Şonuň üçin-de, haýal etmän, deňizde ýüzmäge gaýym bolaýjak ululykda täze bir gaýyk ýasanmak üçin, Anna ikimiz ullakan agajyň gözlegine çykdyk. Adada diňe gaýyk däl, eýsem, uly gämilerden ybarat kiçeňräk flot ýasamaga hem ýeterlik agaç bardy. Ýöne meniň iň esasy üns berýän zadym, ozalky ýalňyşymdan gaça durup, gaýyk taýýar bolan mahaly gönümel deňze goýberip bolaýjak, kenara ýakynrak ýerde ösüp oturan agaç tapmakdy. Ahyrsoňy Anna bir agajy saýlap tutdy, gaýyk üçin haýsy agajyň has ýaramly boljagyny ol menden gowy bilýärdi. Biziň çapyp ýykan şol agajymyzyň nähili agaçdygyny şu günem anyk aýdyp biljek däl, ýöne ol boýag alynýan maklýura agajyna çalym edýärdi, has dogrusy, reňki bilen ysyndan çak ursaň, ol maklýura bilen nikaragua sandal agajynyň aralygyndaky bir agajyň hilinden bolmalydy. Anna agajyň içini ýakyp-köwüp, gaýyk ýasamakçy boldy, ýöne men oňa bu işi abzal-gurallar bilen ýerine ýetirmegiň has aňsat düşjekdigini aýtdym. Nähili işlemelidigini öwredenimden soň, ol ezberlik bilen işe başlady. Biz bir aýlap arman-ýadaman işläp, gaýygy ýasap gutardyk. Ol biçak owadan gaýyk boldy. Ylaýta-da, Anna paltalary nähili ulanmalydygyny öwredenimden soň, biz çapyp, ýonup, gaýygyň daşky suduryny hem taraşlap dyndyk. Şeýle-de bolsa şondan soň, ony togalak pürsleriň üsti bilen garyşma-garyş itekläp deňze goýberýänçäk, ýene iki hepde gerek boldy. Deňze goýberen wagtymyz, bu gaýygymyzyň ýigrimi adamy ap-aňsat göterip biljekdigine göz ýetirdik.
Gaýygy suwa goýberenimizden soň, örän uludygyna garamazdan, Annanyň ony nähili çakganlyk hem-de ezberlik bilen dolandyrýandygyny, eýläk-beýläk öwürýändigini, kürekleýändigini görüp, haýran galdym. Şonuň üçin bu gaýyk bilen deňze çykmaga ýürek edip boljagyny-bolmajagyny soranymda, Anna: «Näçe ýel tursa turubersin, bu gaýyk bilen arkaýyn deňze çykyp bileris» diýip jogap gaýtardy. Emma men Annanyň hiç hili habarsyz başga bir zadyny, ýagny gaýyk üçin bogaldakdyr ýelken hem-de tanaply labyr ýasamagy küýleýärdim. Bogaldak ýasamak işiň aňsadydy, onsoň men şol golaý-goltumda dik-asmana tarap ösüp oturan, adada näçe diýseň tapdyrýan ýaşajyk bir sedir agajyny saýlap aldym. Men ony Anna çapdyrdym-da, görkezme berişdirip, ony nähili pudarlap, tasa getirmelidigini

öwretdim. Ýelken barada bolsa, aýratyn aladalanmaly boldum. Men howlymda köne ýelkenleriň, has dogrusy, ýelkenleriň köne-küşül böleklериniň näçe diýseň bardygyny bilýärdim. Emma welin, ol ýelkenleri indi ýigrimi alty ýyldan bäri saklap ýörende bolsam, munuň ýaly iş üçin ulanaryn öýdüp kelläme gelmändigi sebäpli, aýawly seretmändim. Men olaryň barysy çüýräp gidendir diýip çakladym. Ol, hakykatdan-da, şeýle bolup çykdy. Herniçik-de bolsa, men örän berk görünýän iki bölek ýelken tapdym we haýal etmän işe girişdim. Iňňe ýokdugy hem-de öz emelsizligim sebäpli, itiň gününi görüp, ahyrsoňy Angliýadaky «üçburç ýelken» diýilýän ýelkene meňzeş, üçburçluk, betnyşan bir zat tikmegi başardym. Biziň gämilerimiziň barkaslarynda bolşy ýaly, ýelkeniň aşagyndan bon-germew geçýärdi, ýokarsynda bolsa, kiçijik şprint bardy. Hekaýamyň birinji böleginde aýdyşym ýaly, berberileriň ýurdundan gaçanymdaky barkasda hem şonuň ýaly ýelken bardy. Şonuň üçin-de men ony nähili dolandyrmalydygyna juda beletdim.
Şol işleri ýerine ýetirmek, ýagny bogaldagy dikeldip, ýelken dakmak üçin iki aý töweregi wagt sarp etdim. Ýeliň garşysyna ýüzenimizde kömegi deger ýaly, ýene bir ýelkenjik, has dogrusy, fok-ýelken ýasadym, garaz, gaýygyň kemini-köstüni goýmadym. Iň esasy zat bolsa, gaýygy dolandyrmak üçin onuň yzky bölegine des dakdym. Men emelsizje gämi ussasy bolsam-da, desiň peýdasyna, derwaýyslygyna örän gowy düşünýändigim üçin, şeýlebir janypkeşlik bilen işledim welin, ahyrsoňy ony dakmagyň hötdesinden geldim. Ýöne başyny başlalym bäri döwüp çykanlarymy hasap etseň, onda des ýasamaklyk gaýygyň özüni ýasanymçarak wagt aldymyka diýýärin.
Şol işleri gutaranyndan soň, indi hyzmatkärim Anna täze gaýygy ýüzdürmegiň tärlerini öwretmäge gezek gelipdi. Çünki Anna çaklaňja gaýyklary küreklemäge ökde bolsa-da, ýelken we des barada hiç zat bilenok diýen ýalydy. Meniň deňizde gaýygy des bilen dolandyryşymy, ugry üýtgetdigimçe, ýelkeniň bir o ýana, bir bu ýana gübürdäp geçişini görüp haýran galýardy. Şeýle-de bolsa, men gysga wagtyň içinde oňa bularyň barysyny öwredip çykdym. Kompasyň nämedigine düşünip bilmedi diýäýmeseň, indi Annany ussat deňizçi hasaplasa boljakdy. Emma howa kän bir bulutly bolmaýandygy hem-de kämahallar bolaýmasa, ol jelegaýlarda ümür düşmeýändigi sebäpli, kompasyň onçakly geregi hem ýokdy. Ne deňizde, ne-de adada gezelenç edip bolmaýan ýagyşly möwsümlerden başga wagtlar, gijelerine ýyldyzlar, gündizlerine bolsa kenarýaka hemişe aýyl-saýyl görnüp durýardy.
Men indi bu ýerdäki ýesirligimiň ýigrimi ýedinji ýylyna gadam basypdym. Aslynda, hyzmatkärim bilen ýaşan döwrümde meniň ýaşaýşymyň düýpgöter üýtgändigi sebäpli, şol soňky üç ýyly bu hasaba goşmasam hem bolar. Men ada gelip düşenimiň ýyl öwrümini edil ilkinji gezekdäki ýaly, ýene-de Hudaýyň nygmatlaryna şükür edip geçirdim. Ozallar Biribara şükür etmegim üçin käbir sebäpler bolan bolsa, indi munuň üçin mende has köp sebäp bardy. Hudaýyň maňa garaşyk edýändigi indi has äşgär bolupdy. Üstesine, bu ýerden ýagdan gyl sogrulan ýaly, ap-aňsat halas bolmaga-da uly umyt döräpdi. Sebäbi meniň kellämde halas boljak pursadymyň ýakynlaşandygy, bu ýerde bir ýyldan uzak galmajakdygym barada täze ýanbermez pikir peýda bolupdy. Emma, herniçik-de bolsa, men hojalyk işlerine, ýer agdaryp,

ekin ekmäge, haýat aýlamaga öňkülerim ýaly gümra bolup gezip ýördüm. Üzüm ýygyp, kişmiş taýýarlaýardym, her bir zerur işi jaýba-jaý ýerine ýetirýärdim.
Şol arada ýene ýagyşly möwsüm başlady, biz indi has uzak wagtlap öýden çykman oturmaly boljakdyk. Şonuň üçinem biz öz täze gaýygymyzy örän ygtybarly ýere — gämiden goş çeken wagtym sal bilen ýüzüp giren duralgajygyma eltdik we ony suw beýgelen mahaly kenara çykaryp, urgan bilen daňyp goýduk. Onsoň men öz hyzmatkärime gaýyk sygar ýaly giňlikde we çuňlukda kiçeňräk bir howdanjyk gazdyrdym. Daşgyn peselensoň, biz howdanyň duralgajyk bilen sepleşýän ýerine ullakan böwet basdyk-da, deňiz bilen arasyny üzdük. Şondan soň kän wagt geçmänkä, howdanjyk doly taňkyrap, gurap galdy. Soňra biz ýagyşdan penalamak üçin gaýygyň üstüni birgiden ýogyn şahalar bilen basyrdyk welin, ol edil bassyrmaly öý ýaly, örän göwnejaý boldy. Şondan soň biz deňze syýahata çykmak üçin noýabr-dekabr aýlaryna garaşyp ugradyk.
Garaşylýan möwsüm ýakynlaşyp ugranda, ygalsyz howa bilen bilelikde meniň ýüzüşe çykmak baradaky hyýalym hem dolanyp geldi. Onsoň men syýahata her gün taýýarlyk görmäge başladym. Meniň birinji işim, ýüzüş wagtynda iýip-içer ýaly birneme azyk-suwluk jemlemek boldy. Ýene birki hepdeden bolsa, howdanyň böwedini ýazdyryp, gaýygy suwa goýbermäge hyýallanýardym. Men bir gün irden şol işlere hysyrdanyp ýörkäm, Annany ýanyma çagyrdym-da, pyşdyl gözlemegi tabşyryp, deňziň kenaryna iberdim. Biz eti hem-de ýumurtgalary üçin hepdede bir gezek diýen ýaly pyşdyl tutýardyk. Aradan biraz salym geçse-geçendir-dä, bir görsem, Anna aldyrany bar ýaly ýüzin salyp, howla bakan eňip gelýär. Ol edil aýaklary ýere galtaşmaýan ýaly, daşky haýatyň üstünden uçup geçdi-de, men heniz dil ýaryp ýetişmänkäm: «Hojaýyn, hojaýyn! Iş gaýtdy, iş» diýip, ýetişibildiginden samramaga başlady. Men «Bu nä boluş, Anna?» diýenimde, ol: «Ho taýda, aňyrda, bir, iki, üç sany gaýyk bar. Bir, iki, üç sany» diýip jogap berdi. Men onuň gepinden çen urup, alty gaýyk bardyr öýtdüm, ýöne çintgäp soranymda, bary-ýogy üç sany gaýygyň bardygyna göz ýetirdim. Men: «Bolsa bolupdyr-da, Anna, entek gorkuberme» diýip, oňa az-kem basalyk berip, arkaýynlaşdyrdym. Emma ol görgüliniň gorkudan ýaňa halys akyly çaşara gelipdi. Anna özüni aňtap gelendirler, damagyny çalyp, etini iýerler öýdüp, öler ýaly gorkýardy. O pahyr saňňyl-saňňyl edip, şeýlebir elden-aýakdan çykyp barýardy welin, men näme alaç etjegimi bilmän, iki ýaňa garanjakladym. Onsoň başardygymdan ony köşeşdirmäge çalşyp, meniň janyma-da edil onuňky ýaly howp abanýandygyny, ele düşäýsem, menem iýjekdiklerini aýdyşdyrdym. «Ýöne — diýip, men täzeden söze başladym. — Anna, biz olar bilen garpyşmaly bolarys. Sen urşup bilermiň?». Ol: «Men ataryn, ýöne olar köplük bolup çozarlar» diýip jogap gaýtardy. Men oňa: «Ondan arkaýyn bol. Olaryň öleni öler, ölmedigi bolsa, tüpeňlerimizden gorkar» diýip, biperwaý äheňde gepledim. Onsoň eger ony goramakçy bolsam, onda onuňam meni gorap-goramajagyny, ýanymda bile durup, näme diýsem, gyşarnyksyz berjaý edip-etmejegini biljek boldum. Ol: «Islän wagtyň men başymy goýmaga taýýardyryn, hojaýyn» diýip jogap berdi. Onsoň men gitdim-de, içer ýaly rom alyp geldim (şeýlebir aýawly saklapdym welin, mende henizem eslije rom bardy). Romy başymyza çekenimizden soň, hemişe

ýanymyzda göterip ýören iki sany aw tüpeňimizi getirtdim. Tüpeňleri sapançanyň kiçeňräk güllelerine deňeçer iri seçme bilen okladym. Soňra men dört muşketi alyp, her birine iki sany gülle bilen bäş sany maýdajyk ok guýdum. Iki sapançamyň her birine bolsa, iki-ikiden gülle gapladym. Hemişe bolşy ýaly, ullakan gamamy gynsyz dakyndym. Anna-da paltasyny uzatdym.
Şeýdip, ok-ýaragymy üpjün edenimden soň, men dürbini elime alyp, näme baryny-ýoguny görmek üçin baýryň ýapgydyna dyrmaşdym. Dürbini bir aýlanymda, kenarda ýigrimi bir sany ýabany bilen üç sany tussagyň bardygy gözüme ildi. Aňyrrakda bolsa üç sany gaýyk durdy. Ýabanylaryň bar aladasynyň şol üç sany ýesiri iýip, ýeňiş meýlisini gurmakdygy mese-mälim görnüp durdy. Hakykatdan-da, olar hemişeki edähetleri boýunça wagşylarça şagalaň geçirmäge taýýarlanýan bolmalydy. Olar Annanyň gaçan gezegindäki ýere däl-de, meniň duralgajygymyň ýakynyna, kenaryň peselip, gür tokaýlygyň deňze abanybrak duran ýerine gelip düşüpdiler. Men ol äteňetleriň etjek bolýan adamçylyga sygmajak etmişine tüýs aňrym bärik gelip, Annanyň ýanyna aşak düşdüm-de, kenara gidip, olary gyr-ýapyr etmegi ýüregime düwendigimi aýtdym. Meniň bilen bile mert durup, söweşip-söweşmejegini ondan soradym. Bu çaka çenli ol gorkusyndan saplanyp, romuň serhoşlygy bilen az-owlak ýüreklenen eken. Anna ýyljyraklap, hälki aýdyşy ýaly, öl diýsem, ölmäge taýýardygyny tekrarlady.
Men şol gahar-gazap bilen, hälki oklan tüpeňlerimi öz aramyzda paýlaşdyrdym. Anna guşagyna gysdyrar ýaly bir sapança, egnine atar ýaly üç sany tüpeň berdim. Beýleki sapança bilen üç sany tüpeňem özüm aldym. Şeýlelikde, ikimiz tirkeşip, ýola düşdük. Men jübime bir çüýşejik rom salyp, Annanyň eline-de däridir seçmeli torbany tutdurypdym. Oňa yz ýanjagazymda durmagyny we buýruk berýänçäm gymyldamazlygyny, ok atmazlygyny, garaz, hiç zat etmezligini we ýeke agyz geplemezligini pugta sargadym. Biz duralgajykdan geçip, görünmän, tokaýyň içi bilen, olaryň tüpeň atym golaýyna barmak üçin sag tarapa bir mil töweregi böwür berip ýöräp gitdik. Şol ugur boýunça aňsat gidip biljekdigimize dürbim bilen degre-daşy synlap durkam göz ýetiripdim.
Ýöräp barşymyza, köne pikirlerim kelläme gelip başlady welin, men öz niýetimi goýbolsun etmäge hyýal etdim. Ýabanylaryň sanynyň köpdüginden ýaýdanyp durmaýardym, sebäp diýseň, ol ýalaňaç, ýaragsyz peläketleri ýeke özümiň paýhynlap biljegime gözüm ýetikdi. Emma maňa ýamanlyk etmedik, ýamanlyk niýeti hem bolmadyk ol bigünä adamlaryň üstüne hüjüm etmegimi, elimi gana bulamagymy talap edýän hiç hili esasyň ýokdugy barada oýlandym. Olaryň wagşy däp-dessurlary — öz betbagtlygydy. Onsuzam ýabanylaryň bu bolup ýörüşleri Biribaryň olary, bu ýerdäki beýleki taýpalar bilen bir hatarda, şu zeýilli akmaklyga, bibaş hereketlere höküm edendiginiň alamatydy. Galyberse-de, Biribar meni ne-hä olaryň bu etmişlerine kazyçylyk etmäge, ne-de Öz gazabyny olaryň başyndan indermäge borçly edipdi. Eger Hudaý islän bolsady, onda bu işde Öz gazaply hökümini ýöredip, bu ýabanylary taýpa bolup edýän etmişleri zerarly heläkçilige duçar ederdi. Ol bolsa meniň çözjek işim däldi. Emma welin, Annanyň ol adamlar bilen duşmandygyny, iki taýpanyň uruş ýagdaýyndadygyny göz öňünde tutsaň, onda onuň ýabanylara hüjüm

etmegi nähak boljak däldi. Ýöne ol ýagdaý maňa degişli däldi ahyryn. Ýolda barýarkam kellämde aýlanan şol pikirler maňa şeýlebir täsir etdi welin, kenara baryp, diňe olaryň ýanynda durasym, wagşy meýlislerine tomaşa edip, şu wagta çenli bilýänlerimden başga, olaryň işine goşulyşmagymy talap edýän bir ahwalat ýüze çykmasa, onda Taňrynyň ýüregime guýşuna görä, özümi alyp barasym geliberdi.

Men şol netijä gelip, tokaýa girdim, Anna-da pişik basyşyny edip, yzymdan galman gelýärdi. Biz tokaýyň içi bilen ýabanylaryň oturan ýerine baryp ýetýänçäk, şeýdip gitdik. Indi olar bilen biziň aramyzda diňe tokaýyň şojagaz künjegi galypdy. Şol ýerde men usullyk bilen Annany çagyrdym-da, tokaýyň göni burçundaky ösüp oturan bir agaja ümläp, şol agaja dyrmaşmagyny we şo taýdan ýabanylaryň näme edýändiklerini synlap, maňa habar bermegini tabşyrdym. Ol ýüwrüp gitdi-de, derrew yza dolanyp, agajyň üstünden bar zadyň alaň-açyk görünýändigini, ähli ýabanylaryň oduň daşyna tegelenişip, bir ýesiriň etini iýip oturandyklaryny aýdyp berdi. Olaryň beýle ýanragynda eli-aýagy güýlüngi ýene bir ýesiriň ýatandygyny, indi şony öldürmekçi bolýandyklaryny eşiden mahalym, meniň bar ganym depäme urdy. Anna aýtmyşlaýyn, ikinji ýesir onuň taýpadaşy däl-de, eýsem, gaýyk bilen olaryň ýurduna gelen ak sakgally adamlaryň biri eken. Ak sakgally adam baradaky habar meni hut serpmeden gaýdan ýaly etdi. Men hasanaklap, hälki agajyň ýanyna bardym-da, elime dürbimi alyp, kenara göz aýladym. Hakykatdan-da, ýerde eli-aýagy ýeken ýa-da şoňa meňzeş örülen gamyş bilen pugta daňylgy ýatan adamyň ýewropalydygy eginbaşyndan hem äşgär görnüp durdy.

Ol ýerde ýene-de bir agaç bardy, onuň aňyrsynda bolsa, ýabanylara şol duran ýerimden elli ýard töweregi golaýda bir topbak agaç ösüp otyrdy. Ýabanylara görünmän, şol topbak agaçlara bakan öňe süýşsem, onda olara ok atym aralygyň ýarysyna çenli ýakynlaşyp biljekdigimi gördüm. Biçak gahar-gazaba münende bolsam, men özüme basalyk berdim. Ýigrimi ädim çemesi yza gaýdyp, beýleki agaja çenli aralygy tutuşlygyna ýapyp duran gyrymsy agaçlaryň arka tarapyna geçdim. Şol ýerdäki bir tümmejige bukdaklap mündüm welin, segsen yard aradaşlykdan olary doly gördüm.

Indi men ýekeje pursady hem ýitirmeli däldim, sebäbi ol elhenç mahluklaryň on dokuz sanysy bir-birlerine gyslyşyp otyrdy. Olar dek ýaňyja beýleki iki sany ýabanyny biçäre hristian bendäniň damagyny çalyp, etini bölekläp, oduň başyna getirmäge iberen ekenler. Ol iki ýabany eýýäm eglip, ýerde ýatan adamyň aýaklaryndaky ýüpi çözüp durdy. Men Anna tarap öwrülip, «Hany, Anna, meniň aýdyşym ýaly et» diýdim. Anna buýruga taýýardygyny aýtdy. «Onda şeýle, Anna! — diýip, men sözümiň üstüni ýetirdim. — Men näme etsem, senem şony et». Onsoň men bir muşket bilen aw tüpeňini ýerde goýdum, Anna hem şony gaýtalady. Men beýleki muşketi ýabany wagşylara nyşanalap, Anna-da şeýtmegi buýurdym. Soňra onuň taýýar bolup-bolmandygyny soradym. Ol «Taýýar» diýensoň, men «Olara tarap ot aç» diýdim-de, şol pursadyň özünde mäşäni gysdym.

Anna menden has gowy nyşanalan eken, ol öz atan tarapynda iki ýabanyny öldürip, üçüsinem ýaralady. Men bolsam, birini öldürip, ikisini ýaraladym. Ýabanylaryň nähili elhenç aljyraňňylyga düşendigini göz öňüne bir getirip görüň. Seçmelerden

aman sypan ýabanylaryň barysy gürre ördi-de, ajal okunyň nireden ýagýandygyny aňşyrman, birbada nirä seredip, nirä gaçjakdyklaryny bilmän saklandylar. Öňden tabşyryşym ýaly, Annanyň bir gözi mendedi. Onsoň men birinji atyşdan soň, muşketi bir gyra okladym-da, ýerde ýatan aw tüpeňini garbap aldym. Anna-da meniň hereketimi gaýtalady. Tüpeňimiň gulagyny gaýtaryp, çenänimi gördi-de, olam şony etdi. Men: «Anna, taýýarmyň?» diýenimde, ol «Hawa» diýip jogap berdi. Menem: «At onda, Allanyň haky üçin!» diýip gygyragada, äm-säm bolşup duran peläketleriň üýşmegine bakan tüpeňimi çenäp, gümpüldedip goýberdim. Anna-da şeýtdi. Bu gezek tüpeňlerimiz iri seçmeler ýa-da uşajyk sapança oklary bilen oklanylgy bolansoň, ýabanylaryň diňe ikisini ýere serreltdi. Olaryň galany bolsa, ýaralanyp, dälirän ýaly uwlaşyp-eňreşip, dumly-duşa ökjäni göterdi. Adamhorlaryň käbirleri biçak agyr ýaralanan eken. Uzak gitmän, olaryň ýene üçüsi çalajan halda ýere ýazyldy.
Men elimdäki tüpeňi ýerde goýdum-da, entek doly duran muşketi elime alyp: «Anna, indi yzyma düş» diýdim. Anna meniň buýrugymy batyrgaýlyk bilen ýerine ýetirdi. Onsoň men tokaýdan açyklyga atylyp çykdym. Anna-da söbügimi sydyrdyp gelýärdi. Olaryň meni görendigini saýgaran badyma, men bogazyma sygdygyndan gygyrdym, Anna-da şeýtmegi buýurdym. Men güýjümde baryny edip, kenara tarap ylgamaga başladym. Tüpeňimiň agramy badymy haýallatsa-da, göni biçäre ýesiriň ýanyna okduryldym. Aýdyşym ýaly, ýesir bende ýabanylaryň ody bilen deňziň arasyndaky çägesöw ýerde guma bulaşyp ýatyrdy. Onuň damagyny çaljak bolup duran iki gassap bolsa, ilkinji atyşymyzdan gorkularyna, ony taşlap, deňze bakan ýazzyny beren ekenler. Olar eýýäm gaýyklaryň birine böküp münüp, küreklemek bilen berbaşagaýdylar. Olaryň gaýygyna ýene üç sany ülpetleri hem atlanyp ýetişen eken. Men Anna tarap öwrüldim-de, öňe ylgap, olary atmagy buýurdym. Ol maňa derrew düşündi-de, nyşana ýakynlaşmak üçin, kyrk ýard çemesi ylgap gitdi-de, gaýykdakylary atdy. Gaçgaklaryň barysy gaýygyň içinde terslin-oňlyn serrelensoň, men olaryň hemmesi ölendir diýip çakladym. Emma ýabanylaryň iki sanysy derrew dikeldi. Şeýle-de bolsa, Anna olaryň ikisini öldürip, birini ýaralan eken. Ýaraly ýabany gaýygyň içinde, edil ölen ýaly, galyp bilmän ýatyrdy.
Anna gaçgaklar bilen başagaý bolup ýören wagty, men pyçagymy çykardym-da, biçäre ýesiriň ýüplerini kesişdirip, elini-aýagyny boşatdym. Onsoň ony ýerinden turuzyp, portu-galça gepläp, onuň kimdigini soradym. Ol latynçalap «Christianus» diýdi. Ysgynsyzlykdan ýaňa onuň ne aýak üstünde durmaga, ne-de geplemäge rowgaty bardy. Men jübimdäki romly çüýşäni çykaryp, oňa berdim-de, içmegi ümledim. Ol romy içdi, hödür eden bir bölek çöregimden tamşandy. Soňra ondan haýsy millete degişlidigini soradym. Ol «ispan» diýip jogap gaýtardy. Ýesir ispan az-owlak demini dürsäninden soň, her hili el hereketleri bilen ümläp, özüni halas edendigim üçin örän minnetdardygyny düşündirdi. Men başardygymdan ispançalap: «Senýor — diýip, söze başladym — Biz soň gürleşeris. Şu wagt biz uruşmaly. Eger ysgyn-mydaryňyz galan bolsa, şu sapança bilen gamany alyň-da, derrew hüjüme geçiň». Ol ýaraglary minnetdarlyk bilen kabul edip aldy we eli ýaraglara galtaşan dessine, hamana diýersiň, olar oňa täze güýç-kuwwat beren ýaly, gazap bilen öz

ganhorlarynyň üstüne okduryldy. Ispan ýüzüniň ugruna iki sany ýabanyny kerçäp taşlady. Dogrusy, görgüli ýabanylar näme bolup geçýändigine düşünip bilmän, tüpeň seslerinden haýygyp, gorky hem-de aljyraňňylyk zerarly, ýerde süýnüşip ýatyrdylar. Olarda ne-hä gaçyp gutulmaga, ne-de okdan goranmaga mydar bardy. Annanyň gaýykda atan bäş ýabanysynyň hem ýagdaýy şeýledi. Olaryň üçüsi ok zerarly ýykylan bolsa, beýleki ikisi gorkudan aşak ýapyrylypdy.

Men elimdäki tüpeňi heniz hem atman saklap durdum. Sapançam bilen gamamy ispana beremsoň, elim taýýar tüpeňli duranymy kem görmändim. Onsoň men Annany ýanyma çagyrdym-da, ilkibaşda ok atan ýerimizdäki agaçlyga gidip, okdan boşan tüpeňlerimizi alyp gaýtmagyny tabşyrdym. Anna salymyny bermän ýaraglary äkeldi. Men öz muşketimi onuň eline berip, çök düşdüm-de, beýleki tüpeňleri oklamaga durdum. Onsoň ispana-da, Anna-da eger tüpeň gerek bolsa, maňa ýüz tutmalydygyny duýdurdym. Men tüpeňleri oklap durkam, ispan ýabanylaryň biri bilen gazaply tutluşyga girdi. Ýabanynyň elinde ullakan tagta gylyç bardy. Eger men halas etmedik bolsam, şol gylyç ispan ýesiriň janyny almalydy. Ysgynsyzdygyna garamazdan, bijaý edermen, batyrgaý adamdygy görnüp duran ispan öz garşydaşy bilen birsellem gidişdi we ony kellesiniň iki ýerinden erbet ýaralady. Emma ýabany adam hem gaýduwsyz, gujurly ýigit bolup çykdy. Ol mejalsyz ispanyň üstüne özüni oklap, ony ýere ýazdy-da, meniň gamamy onuň elinden gaňryp almaga çemelendi. Şonda men ylgap kömege baryp ýetişýänçäm, ispan paýhasly pikirlenip, gamany goýberdi-de, guşagyndaky sapançany sogrup, ýabanynyň böwründen çenäp, mäşäni gysdy. Ýabany ýigidiň şol ýerde takga jany çykdy.

Şol iki arada, özbaşyna galan Anna tüpeňini taşlap, eli paltaly, gaçyp barýan ýabanylary kowalap barşyna, ilkibaşda ýaralanyp ýere ýykylan üç ýabanyny we ondan başga-da duş gelen ýabanynyň läşini ýere serdi. Ispan bolsa meniň ýanyma gelip, tüpeň sorady-da, eline beren aw tüpeňim bilen iki ýabanynyň yzyndan kowalap, olaryň ikisinem ýaralady. Emma ol ylgap bilmänsoň, ýaralylar tokaýa siňdiler. Muny gören Anna olaryň yzyndan okdurylyp, birini öldürdi. Ýöne beýleki ýabany Annadan çakgan bolup çykdy we ýaralanandygyna garamazdan, özüni deňze urdy, gaýykly uzaklaşyp barýan iki taýpadaşynyň yzyndan ýüzüp ugrady. Aslynda, gaýykda ýene bir ýaraly bardy, ýöne welin, biz onuň ölenini-ölmänini bilip bilmedik. Şeýlelikde, ýigrimi bir ýabanydan diňe şol gaýykdakylar gaçyp gutuldy. Bu garpyşygyň netijesi şeýle boldy: agajyň ýanynda durup atanymyzda üç sany öli; ikinji atyşda ikisi, Annanyň gaýykda öldüreni iki sany; ilkibaşda ýaralananlardan Annanyň öldürenleri iki; Annanyň tokaýda öldüreni bir, ispanyň öldüreni üç, eýlede-beýlede ýaralanyp ýa-da Annanyň eline düşüp ölen dört; gaýykly gaçanlar dört, emma olaryň biri ýaralanypdy, onuň ölen bolmagam ahmal. Jemi 21 adam.

Gaýykdakylar ok ýeter aralykdan daşlaşjak bolup, jan edip kürekleýärdiler. Anna olaryň yzyndan iküç sapar tüpeň atan hem bolsa, gaçgaklaryň hiç birine ok degendir öýtmedim. Anna beýleki gaýyklaryň birini alyp, olaryň yzyndan kowmaga meni yrjak boldy. Dogrusy, bolan wakany öz obalaryna ýetirerler öýdüp, menem olaryň gaçyp gitmeginden howatyr edýärdim. Olaryň iküç ýüz gaýykly dolanyp gelip, bizden üstün çykmagy ahmaldy. Onsoň men olary deňizde kowalamaga razy boldum-

da, kenarda eýesiz duran gaýyklara tarap eňdim. Olaryň birine böküp mündüm-de, Annany hem çagyrdym. Birdenem, gaýygyň içinde ýene bir görgüliniň eli-aýagy daňylgy ýatandygyna gözüm düşüp, örän haýran galdym. Edil ispan ýaly, onuň hem damagyny çalmak üçin, güýlüp taşlanlar bolarly. Ol bende gaýygyň erňeginden daş-töwerege ser salyp bilmänsoň, näme bolup geçýänine düşünmän, gorkudan ýaňa ölere gelen eken. Şeýlebir pugta daňlanlygy hem-de uzak wagt ýatanlygy sebäpli, onuň çala jany bardy.

Men haýal etmän, onuň towlam-towlam bolup duran ýüplerini kesişdirip, ýerinden turuzjak boldum. Emma ol gepläbem, dik durubam bilmänsoň, naýynjar halda iňledi. Megerem, öldürilmegi üçin eli-aýagy çözülendir öýdüp güman eden bolarly.

Men oňa deňiç ýetip gelen Anna ýesir bilen gepleşip, onuň halas bolandygyny aýtmagy buýurdym. Onsoň romluja çüýşämi çykardym-da, ýesir görgülä az-kem rom owurtlatdym. Özüniň halas bolanlygy baradaky habar hem-de romuň täsiri bilen oňa täzeden jan giren ýaly boldy we gaýygyň içinde dikelip oturdy. Şol wagt Anna onuň sesini eşidip, birhili, ýüzüne çiňerildi-de, birdenem ony gujaklap, ogşaşdyryp, aglap, gülüp, gygyryp, bökjekläp, tans oýnap, aýdyma zowladyp, garaz, bolmajysy boldy. Onuň bu bolşuny görüp, gözüňe ýaş aýlamazlyk mümkin däldi. Onsoň ol ýene-de aglamjyrap, elini kelemenledip, ýüzüni-gözüni ýumruklap başlady. Akyly üýtgän dek, aýdym aýdyp, towsaklaýardy. Onuň bilen gep-söz alyşmak üçin esli salym garaşmaly boldum. Onsoň men näme döw çalandygyny soradym. Anna az-kem aýňalyp, özüne geldi-de, gaýykdaky ýesiriň öz kakasydygyny aýtdy.

Kakasyna gözi düşüp, onuň halas bolandygyna begenjinden ýaňa özüni ýitiren görgüli ýabanynyň nähili tolgunmany başdan geçirýändigini görenimde, ýüregimiň neneňsi gobsunandygyny düşündirmek aňsat däl. Dogrusy, Annanyň şol tolgunmadan ýaňa çykaran soňraky hokgalarynyň ýarysyny hem aýdyp-diýip, düşündirmek juda kyn. Ol gaýyga bir münýärdi-bir düşýärdi. Gaýyga her gezek münende, kakasynyň ýanynda oturýardy-da, onuň döşüni açýardy, onsoň goltgy bermek üçin, onuň kellesini öz kükregine basyp, esli salym gymyldaman oturýardy. Kakasynyň gurşup, saňgaty bolan gollaryny, topuklaryny owkalaýardy. Men muny görüp, çüýşeden azajyk rom guýdum-da, şonuň bilen owkalatdym welin, onuň nepiniň degendigi bildirip ugrady.

Bu waka hälki ýabanylaryň indi gözden ýiteňkirläp barýan gaýygynyň yzyndan kowmak hyýalymyzy bökdedi. Ýöne gitmedigimiz bähbide çekipdir, çünki aradan iki sagat geçensoň, gaçgaklar heniz ýoluň dörtden birini hem geçmänkä turan güýçli harasat gijesi bilen dowam etdi. Ýel demirgazyk-günbatardan, ýagny gaçgaklaryň ýazzy maňlaýyndan öwsendigi üçin, olaryň gaýygy öz kenarlaryna aman-sag barandyram öýtmeýärin.

Indi Anna dolanyp geleliň. Ol şol aralykda öz kakasy bilen şeýlebir garabaşyna gaýdy welin, ony kakasyndan aýyrmaga dözmedimem. Soňra «Indi az-kem bir gyra çekip bolar» diýip çakladym-da, ony ýanyma çagyrdym. Annanyň, baý, bir göwni hoşdy. Ol bökjekläp, gülüp ýanyma geldi. Men ondan kakasyna çörek berip-bermänini soradym. Ol başyny ýaýkap: «Ýok, men myrtar köpek barysyny özüm iýdim» diýdi. Men ýörite ýanymda göterýänje torbajygymdan bir külçe çykaryp, oňa uzatdym.

Özüne-de azajyk rom hödürledim, ýöne ol romy agzyna-da degirmän, kakasyna eltip berdi. Men jübimdäki kişmişden bir gysym alyp, kakasy üçin berdim. Anna kişmişleri kakasyna beren badyna, gaýykdan atylyp düşdi-de, kakynlan ýaly, ümdüzine ylgap gitdi. Şu wagta çenli beýle ýyndam adamy görmändim. Hawa, ol şeýlebir gaty ylgady welin, göz açyp-ýumasy salymda gözden gaýyp boldy. Yzyndan gykylyklap, uly goh etsem-de, ol, barybir, gitdi. On bäş minut geçenden soň, men Annanyň dolanyp gelýändigini gördüm, ýöne gelşi gidişinden haýaldy. Ol ýakynlaşdygyça, elinde bir zatlar bardygy sebäpli haýal ýöreýändigi ünsümi çekdi. Ol gelip ýeten wagty, kakasyna bir küýze suw äkelmek üçin öýe gidip gelendigini bildim. Onuň elinde iki sany külçe hem bardy. Anna çöregi maňa berip, suwy kakasyna eltdi. Agzym kepäp duransoň, menem suwdan azajyk içdim. Küýzedäki suw hyzmatkärimiň kakasyny meniň beren romuma garanyňda has çalt özüne getirdi. Sebäbi teşnelikden ýaňa ol biçäräniň tas essi aýylan eken.
Kakasy suwdan ganansoň, men Annadan «Suw galdymy?» diýip soradym. Ol «Hawa» diýip jogap berensoň, kakasyça suwsan görgüli ispana-da suw bermegini buýurdym. Annanyň getiren külçeleriniň birini, hakykatdan-da, halys tapdan düşüp, indem bir agajyň kölegesindäki gökje otlaryň üstünde süýnüp, dem-dynjyny alyp ýatan ispana iberdim. Pugta daňlan ýüpler zerarly, onuň hem el-aýagy güp ýaly çişip, saňgaty bolup durdy. Anna ýanyna baransoň, ol dikelip oturdy-da, suw içdi, soňra külçä agyz urup, iýmäge başlady. Muny görüp, menem onuň ýanyna bardym-da, bir gysym kişmiş berdim. Ispan ýüzüni galdyryp, maňa çäksiz minnetdarlyk bilen seretdi, ýöne onuň ysgyn-mydary ýokdy. Ol garpyşykda diýseň gujurly söweşendigi sebäpli, indi aýak üstünde durmaga ýagdaýy ýokdy. Ol iküç gezek ýerinden gobsunjak boldy, emma güp ýaly çişip, azar berýän topuklaryndan ýaňa gozganybam bilmedi. Onsoň men oňa gymyldaman oturmagy tabşyrdym-da, Annany çagyryp, edil kakasyna edip berşi ýaly, onuň aýaklaryny hem rom bilen owkaladyp ýuwdurdym.
Tolgunmadan ýaňa ýüregi böküp duran biçäre hyzmatkärim zol-zol yzyna gaňrylyp, kakasynyň şol öňki ýerde, goýup gaýdan ýerinde dik oturandygyna ýa-da däldigine seredýärdi. Ine, birdenkä, kakasy gözüne ilmedi. Ol şobada zöwwe ýerinden galdy-da, ýeke agyz gürlemän, hamala, aýagy ýere degmeýän ýaly ylgap, kakasyna bakan ýüzin salyp gitdi. Ýöne Anna ol ýere baran wagty, kakasynyň az-kem endamynyň gurşugyny ýazmak üçin ýere süýnendigini görüp, derrew ýanyma gaýdyp geldi. Men şonda ispana ýüzlenip, eger dik durmaga ýagdaýy bolsa, Annanyň ony gaýyga mündürip, öýe äkitjekdigini we ol ýerde meniň oňa idi-yssywat etjekdigimi aýtdym. Anna gujurly, daýaw ýigit bolansoň, onuň bilen goltuklaşyp durmady-da, arkasyna hopba edip, gaýyga çenli äkitdi we ony emaý bilen gaýygyň erňeginde oturtdy. Ýene-de ynjalman, ony gaýtadan götergiläp, kakasynyň gapdaljygyna geçirdi. Onsoň Anna gaýykdan düşdi-de, ony suwa itekledi. Şemalyň batly öwüsýändigine garamazdan, ol kenaryň boýuny syryp, gaýygy meniň ýöreýşimden has çalt kürekleýärdi. Şeýlelikde, hyzmatkärim olaryň ikisini hem sag-aman biziň duralgajygymyza getirdi-de, olary gaýykda galdyryp, loňkuldap ýene yzyna ylgap gitdi. Deňimden geçip barýarka, oňa gygyryp, nirä barýandygyny soradym. Anna: «Beýleki gaýygy getirjek» diýip jogap berdi-de, ýel ýaly ýüwrüp gitdi (isle adam bolsun, isle-de at, men şonuň ýaly

ýyndama duş gelen däldirin). Gaýykdaky ýesirleriň ýanyna gury ýer bilen barýançam, ol eýýäm ikinji gaýygy hem duralgajyga getirip ýetişdi. Onsoň ol menem gaýyga mündürip, beýleki tarapa geçirdi, täze myhmanlarymyza gaýykdan düşmäge kömekleşmäge durdy. Emma olaryň ikisiniňem ýöräp gitmäge halys mejaly bolmansoň, Anna görgüli näme etjegini bilmän, aljyrady.

Men bu ýagdaýdan çykalga tapmak üçin kelle döwmäge başladym. Onsoň Anna gygyrdym-da, olary kenarda oturdyp, ýanyma gelmegi buýurdym. Sähelçe salymyň içinde çala-mydar bir zemmer ýasadym. Şondan soň, Anna ikimiz olary şol zemmerde ýatyryp, öýe alyp gaýtdyk.

Howlynyň daşky diwaryna ýeten wagtymyz, öňküdenem beter kynçylyga uçradyk, sebäbi ol ikisini haýatdan aşyryp boljak gümanasy ýokdy. Diwary böwüsmäge bolsa özüm döwtalap däldim. Şeýdip, täzeden işe girişmeli bolduk. Anna bilen iki sagat çemesi wagtyň içinde, daşky haýatdyr öz eken tokaýjygymyň aralygyndaky boş ýerde köne ýelkenlerden we ýognas şahalardan bir enaýy çadyr gurnadyk. Şaly sypalyndan olaryň hersine aýratyn düşek ýasap, üstüne düşekçe okladyk. Üstlerine ýapynar ýaly hem ýorgança goýduk.

Indi meniň adam ilatlaşdy. Raýatlarymyň sanyna seredip, men özümi baý hasaplaýardym. Korola meňzeýändigimi zol-zol göz öňüne getirmek göwnüme diýseň hoş ýakýardy. Öňi bilen-ä, tutuş şu ada meniň emlägimdi, bu ýerlerde höküm sürmäge, gepsiz-gürrüňsiz, hukugym bardy. Ikinjidenem, raýatlarymyň barysy maňa birkemsiz boýun egýärdi. Men bu ýeriniň ýeke-täk häkimidim we kada-kanunlary özüm goýýardym. Raýatlaryň hemmesi öz ömri üçin maňa bergidardy we eger zerurlyk ýüze çyksa, meniň üçin öz janlaryny pida etmäge taýýardylar. Raýatlarymyň her biriniň başga-başga dine uýýandygy hem üns çekerlikdi. Hyzmatkärim Anna protestant, onuň kakasy butparaz adamhor, ispan bolsa katolik. Şeýle-de bolsa, men öz höküm sürýän ýerlerimde ynanç erkinligine rugsat berýärdim.

Indi bolsa, hekaýamyza dolanyp geleliň. Öz halas eden çalajan ýesirlerime ýatar-turara, dem-dynç alara göwnejaý ýer taýýarlanymdan soň, wagt ýitirmän, olary azyk-owkat bilen üpjün etmegiň ugruna çykdym. Ilki bilen, Anna tokaýdaky aýratyn sürimden bir ýaşyna ýeten ullakan çebşi getirdip soýdurdym. Soň onuň butlaryny çapyp, bölekleşdirdim we Anna olary gazana atyp çorba gaýnatmagy tabşyrdym. Ynanaýyň, iýip doýup bolmaýan etli çorba bişirdim. Ojagy howlynyň içinde däl-de, haýadyň daş ýüzünde atarypdyk, onsoň çorbaly gazany şol durşuna göterip, täze çadyra eltdim. Oňa çenli men ol ýerde saçak ýazyp goýupdym. Günortan naharymy olar bilen bile iýdim, başardygymdan oýun-henek edişdirip, olaryň göwünlerini göterdim. Ispan ýabanylaryň dilini gowy bilensoň, Anna diňe bir kakasy bilen meniň aramda däl-de, ispan bilen meniň aramda-da dilmaçlyk edýärdi.

Günortan, has dogrusy, öýlän naharyny iýenimizden soň, men Anna gaýyklaryň birine münüp, çaknyşyk bolan ýerde gyssagarada goýup gaýdan muşketlerimizi we beýleki ýaraglarymyzy alyp gaýtmagy tabşyrdym. Ertesi gün bolsa, ýabanylaryň günüň aşagynda serlişip ýatan meýitlerini, porsap ýetişmänkä ýere dulamagy we olaryň wagşy meýlisinden galan-gaçan zatlaram gömmegi buýurdym. Ol işi özüm etmeg-ä aňyrda dursun, ol ýere ýolum düşäýse, şol galak-gaçaklara seretmäge-de

ýagdaýym boljak däldi. Anna ol işleri birkemsiz ýerine ýetirip, ýabanylaryň yzyny şeýlebir ýel süpüren ýaly edipdir welin, ikilenç gidenimde, tokaýyň öňe çykyp duran künjegi bolmadyk bolsa, ol ýerini tanajagam däldim.
Soňra men täze raýatlarymyň ikisi bilenem az-kem söhbet etmäge durdum. Ilki bilen, Annanyň öz kakasyndan gaýykly gaçyp giden ýabanylar hakynda näme pikir edýändigini, olaryň biziň gaýtawul berip bilerimizden has uly güýç bilen dolanyp-dolanmajaklaryny soramagyny towakga etdim. Ýaşulynyň gaýykdaky ýabanylar barada gelen ilkinji netijesine görä, olar şol gijeki apy-tupandan diri sypan bolmaly däldi. Olar ýa-ha hökman gark bolan bolmaly, ýa-da günorta tarapdaky başga kenarýakalara düşüp, şol ýerde çişe düzülip iýlen bolmalydy. Emma gaçgaklar öz kenarlaryna baryp ýetäýseler, näme etjekdiklerini ol anyk aýdyp bilmedi. Ýöne, onuň pikiriçe, ýabanylar duýdansyz hüjümden, tüpeňleriň sesinden we çabrap çykýan ýalyndan öler ýaly gorkupdylar. Ol aýtmyşlaýyn, gaçyp sypan ýabanylar öz ülpetleriniň adam eli bilen däl-de, ýyldyrym çakyp, gök gürläp ölendigini, gözlerine görnen iki sany jandary, ýagny men bilen Annany bolsa, eli ýaragly adamlar däl-de, eýsem, özlerini ýok etmek üçin asmandan inen ruhlardygyny ýa-da jeza beriji arwahlardygyny gürrüň beren bolmalydy. Ýaşuly muny anyk bilýändigini aýtdy. Sebä-bi ýabanylaryň öz dillerinde bir-birlerine şol zatlary aýdyp gygyryşandyklaryny eşidipdir. Bir adamyň ot zyňyp, gök ýaly gümmürdemegi, elini galdyrman, uzak aralykdan adam öldürmegi olaryň akylyna sygjak zat däldi. Garry ol gepinde mamla bolup çykdy, sebäbi soň-soňlar başga adamlardan hem eşidişime görä, şondan soň ýabanylar dolanyp bu adada garalaryny görkezmändirler. Ölümden gaçyp sypan dört adamyň gürrüň beren zatlaryny diňläp, ýabanylar şeýlebir gorkupdyrlar welin (diýmek, gaçgaklar deňizden halas bolan eken), şol jadyly ada baran adamyň hudaýlaryň iberen ot-ýalny bilen köýüp gidýändigine güp ynanypdyrlar. Şeýle-de bolsa, bu gürrüňlerden bihabardygym sebäpli, men köp wagtlap gorkup gezdim we özümem, goşunymam hüşgär ýagdaýda sakladym. Goşun diýýänimiň sebäbi, biz indi dört adamdyk. Şonuň üçinem indi ýüz sany ýabany geläýende-de, olar bilen islendik wagtda, açyk meýdanda darkaş gurmaga töwekgelçilik edip biljekdim.

## XVII bap

Herniçik-de bolsa, gelýän-gidýän gaýyk göze ilmänsoň, ýabanylar geler diýen gorkym kän wagt geçmänkä aýrylyp gitdi. Gabat garşymdaky gury ýer zolagyna gitmek baradaky öňki pikirlerim ýene-de aňymda janlanyp ugrady. Ol ýere barsam, öz taýpasynyň meni gyzgyn garşylajakdygyny örän ynamly aýdýardy.
Ýöne ispan bilen bir gezek çynlakaý gürleşenimde, meniň pikirlerim az-kem kiparlady. Onuň gürrüňini diňläp, men ol ýerde ýene on alty sany ispan bilen portugalyň bardygyny anykladym. Gämileri heläkçilige uçran mahaly, olar gaçyp özlerini şol gury ýere atypdyrlar-da, ýabanylar bilen ylalaşykly ýaşamaga

başlapdyrlar. Emma olar hojalyga gerek-ýarak zatlara örän mätäçlik çekýän eken. Men ispandan öz ýüzüşleri barada hemme zady birin-birin soraşdyrdym. Olaryň gämisi Riodela-Platadan Gawana tarap ýüzüp barýan eken. Şol ýerde galapyn deriden we kümüşden ybarat bolan ýüklerini düşürip, duş gelen ýewropa harytlaryndan alyşdyrmaly ekenler. Olaryň gämisinde başga bir gark bolan gämiden halas edilen bäş sany portugal deňizçisi hem bar eken. Öz gämileri heläkçilige uçran pursadynda olaryň bäşisi gark bolupdyr, ölmän galanlary bolsa, san-sajakyz howp-hatarlary başdan geçirip, açlykdan öldüm-öldümde ýabanylaryň ýaşaýan kenarýakasyna aýak basypdyrlar. Islendik pursatda adamhorlar öz üstlerine çozup, etlerini çişe düzüp iýerler öýdüp, biçak heder edipdirler. Ispan maňa öz ýanlarynda iki-ýeke ýarag bardygyny hem aýtdy, ýöne ol tüpeňleriň bitiren goşy bolmandyr, sebäbi ne-hä därileri galypdyr, ne-de oklary. Gämini basan suw därileriň az-owlagyndan galanyny ezip zaýalapdyr. Ojagaz därini hem gury ýere çykan uçurlary aw awlamak üçin ulanypdyrlar.
Men ondan ol ýerdäki indiki ykballary barada näme pikir edýändigini, gaçyp sypmak hakynda etsem-petsemleriniň bardygyny-ýokdugyny soradym. Ispan ol hakda kän kelle döwendiklerini, gämileriniň-de, ony ýasamaga gurallarynyň-da ýokdugy zerarly, ähli maslahatlarynyň puja çykyp, gözýaş bilen gutarandygyny aýtdy.
Men bu jelegaýlardan gaçyp gitmek barada bir teklip aýdaýsam, dostlarynyň ony nähili kabul etjegini, eger barymyz şu adada jemlenişsek, bu işiň başa baryp-barmajagyny ispandan soradym. Eger öz janymy onuň dostlaryna ynansam, onda azatlyga çykan wagtymyz olaryň maňa dönüklik edip, ýaramaz daraşarlaryndan gorkýandygymy, sebäbi ýagşylygy bilmek duýgusynyň adam häsiýetiniň bitewi aýratynlygy däldigini düşündirdim. Adamlaryň, köplenç halatda, minnetdarlyk borçlaryna däl-de, eýsem, öz bähbitlerine görä hereket edýändigini aýtdym. Eger olaryň halas bolmagyna hemaýat berenimden soň, meni Täze Ispaniýada ýesir edip saklaýsalar, maňa juda agyr degjegini, ol ýere aýagy düşen iňlis adamynyň, näme sebäpli ýa-da haýsy tötänlik bilen gelendigine seretmezden, gürrüňsiz, pida bolup gidýändigini gürrüň berdim. Ruhanylaryň rehim-şepagatsyz penjesine düşüp, inkwizisiýanyň jebrini çekenimden, ýabanylaryň elinde diriligime tüýt-müýt edilenimi müň esse gowy görýändigimi äşgär etdim. Men oňa, bar zat gülala-güllük bolanlygynda, onuň ähli gämideş dostlaryny şu ada ýygnap, herimiz bir işe ýapyşsak, onda ählimizi äkidip biljek ýelkenli uly bir gämini — barky ýasap biljekdigimizi aýtdym. Onsoň ýa günorta — Braziliýa tarap, ýa-da demirgazykdaky adalara, ýa-da bolmasa ispan häkimiýetine degişli mülklere tarap gidibermeli boljakdyk. Ýöne welin, öz ýaraglarymy tabşyranymdan soň, olar meni zor bilen öz ildeşleriniň arasyna äkidip, eden ýagşylygyma derek ýamanlyga duçar etseler, onda meniň öz başymy nähak ýerden kelkelä sokdugym boljakdygyny hem gönüläp aýtdym.
Ispan meniň bu sözlerime örän açykgöwünlilik we sadalyk bilen jogap berip, şu wagt öz ýagdaýlarynyň juda egbardygyny, bu ýagdaýa uwnup-çydap bilmeýändiklerini gürrüň bermäge durdy. Özleriniň halas bolmagyna kömek eden adama ýowuz daramak barada gürrüň hem bolup bilmejegini, eger islesem, özüniň Annanyň kakasy bilen bilelikde gämideşleriniň ýanyna gidip, bu barada maslahatlaşyp, olaryň

jogabyny alyp gelmegi teklip etdi. Özlerine gämibaşy we serkerde bolmagyma gepsiz-gürrüňsiz razy boljakdyklary barada olaryň barysyna çynlakaý kasam etdirjegine ant içdi. Maňa ikilik etmejekdikleri hem-de gämini diňe maňa muwapyk bir hristian ýurduna äkitjekdikleri hakda olara öz keramatlylaryndan we Injilden ant içirtjegini aýtdy. Ispan tä meniň göz öňünde tutan ýurduma sag-aman, başymyz bitin baryp düşýänçäk, hökmany suratda, diňe meniň buýruklaryma tabyn boljakdyklary barada olaryň ýörite gol çekilen ähtnamasyny alyp gelmäge-de söz berdi. Ol ömürboýy, özüm kowaýmasam, meniň ýanymdan hiç haçan aýrylmajakdygyna, eger öz ildeşleri ähdini bozup, maňa duşmançylyk etse, onda iň soňky damja ganyna çenli meniň bilen deň durup söweşjegine ähdi-peýman etdi. Ispan öz ýoldaşlarynyň medeniýetli, päk ýürekli adamlardygyny we häzir ýagdaýlarynyň iňňän çökderdigini aýtdy. Olaryň ýaraglarynyň-da, azyk-owkatlarynyň-da ýokdugyny, ýabanylara janlaryny ynanyp, elgarama bolup ýörendigini hem ispan öz sözüniň üstüne goşdy. Olaryň dogduk mekanlaryna dolanyp barmakdan rişdesini üzendigini, eger olary halas etmegiň ugruna çyksam, onda olaryň hemmesiniň maňa ömrüni bagyş edip, gullugymda bolmaga taýýardygyna gözüniň ýetikdigini hem aýtdy.

Men ispanyň sözlerini eşidip, elimden geleninden olary halas etmäge töwekgelçilik edip, ispan bilen ýaşulyny ýabanylaryň adasyna gepleşik geçirmäge ibermegi ýüregime düwdüm. Ýöne ýola düşmek üçin bar zat taýýar bolanda, ispanyň özi bir gürrüň tapdy oturyberdi. Onuň pikiri, bir tarapdan, örän ätiýaçly, beýleki tarapdan bolsa, biçak akýürekli bolansoň, meniň ýüregime jüňk boldy. Onsoň men ispanyň maslahatyna hä diýip, onuň ýoldaşlaryny halas etmegi, iň bolmanda, ýarym ýyl yza süýşürmegi müwessa bildim. Munuň sebäbi şeýleräkdi:

Ispan indi bir aýdan bäri biziň bilen ýaşap ýördi, şol döwrüň içinde men oňa Gudraty Güýçliniň medet bermegi bilen, nähili gün-güzerän dolaýandygymy görkezipdim. Ol meniň ammara basyp goýan arpadyr tüwülerimi görüpdi. Dogrusyny aýdanyňda, şol azyk ätiýaçlygy öň maňa gereginden artykmaç bolan hem bolsa, indi, eger tygşytlyja ulanmasak, baş sany dörde baryp ýeten hojalygyma ýetjek däldi. Ispan aýtmyşlaýyn, ol heniz diri gezip ýören on alty ildeşinem yzyna tirkäp getiräýse, onda-ha bujagaz azyk-owkadyň ýokam bolmajagy köre hasady. Eger gä-mi ýasanyp, Amerika yklymyndaky hristian ýurtlaryna bakan ýüzüşe çykmakçy bolaýsak, onda gämä azyk-suwlukdan näme ýüklejegiň hem belli däldi. Şonuň üçinem ispan Anna bilen kakasynam ýanyna alyp, täze atyz bejerip, ekin ekmäge rugsat bersem, has ýerlikli boljagyny aýtdy. Şeýdip, ekiş üçin näçe däne süýşýän bolsa ýere sepip, indiki hasyla çenli garaşyp ýatybermelidik. Netijede, onuň ildeşleri gelende-de hemmämize bolelin ýeter ýaly azyk ätiýaçlygyny döredip biljekdik. Ispan, ýogsam bolmasa, iýmit ýetmezçiliginiň öz ildeşleriniň hyňranyşmagyna sebäp boljagyny, onsoň olaryň «bir dertden sypyp, başga bir derde uçradyk» diýşip, nadyl bolmagynyň ähtimaldygyny aýtdy. «Özüňizem bilýänsiňiz. Ysraýylogullary hem Müsürden gaçyp sypandyklaryna ilkibaşda begenipdiler, ýöne çöl-beýewanda bir döwüm çöreksiz galan wagty, özlerini halas eden Hudaýdan nadyl bolupdylar» diýip, ol sözüni soňlady.

Onuň oýlanyşykly pikiri şeýlebir jüpüne düşüpdi, beren maslahaty diýseň göwnejaý bolupdy welin, onuň bu teklibinden örän hoşal boldum, ygrarly hereketine juda begendim. Soňra elimizde bar bolan agaç abzal-gurallar bilen dördimiz dört ýerden atyz çekmäge girişdik. Ekiş wagty bir aýyň dowamynda ýigrimi iki buşel[6] arpa bilen on alty küýze şaly tohumyny ekmäge ýeterlik giň atyzy bejerip taýýarladyk. Biziň bar süýşürip bilen dänämiz hem ýaňky aýdanymdan ybaratdy. Dogrusy, harman wagtyna çenli bar bolan alty aýlyk döwür üçin özümize ýygnap goýan arpadyr şalymyz bilen kör oňňut etmeli boljagymyz görnüp durdy. Men muny däneleri ikä bölen günümizden hasapladym, sebäbi bu yklymda tohumyň ýeriň aşagynda hökman alty aý ýatjagynyň bellisi bolmaýardy.

Indi bizem çaklaňja bir jemgyýete öwrülipdik we öz adam sanymyza arkalanyp, juda köp bolup geläýmeseler, onda ýabanylaryň çozuş etmeginden kän bir gypynç etmeýärdik. Maý tapdygymyzdan adanyň içinde erkana gezmäge çykýardyk. Indi bar oý-pikirimiz bu ýerden gaçyp sypmak bolansoň, iň bolmanda, meniň özüm şol gaçyşda gerek boljak taýýarlyklar hakynda kelle döwmekden saklanyp bilmeýärdim. Şol maksat bilen, deregimize ýaraýjak birtopar agajy çelgiläp çykdym-da, Anna bilen kakasyna olary çapdyrdym. Soňra bolsa şol mesele boýunça ispan bilen öz pikirlerimi paýlaşdym we onuň bu işe esewan bolup, ataly-ogly ugrukdyrmagyny tabşyrdym. Men Anna bilen kakasyna ullakan bir agajy ýasy tagtalara bölüp çykmak üçin, nähili abyrsyz zähmet çekendigimi düşündirdim-de, edil meniň edişim ýaly işläp, berk dub agajyndan ini iki fut, uzynlygy otuz bäş fut, galyňlygy 2-4 dýuým çemesi on iki sany ýasy tagta ýasatdym. Bu işiň neneňsi ummasyz zähmeti talap edendigi göz öňüňize gelýändir.

Şol bir wagtyň özünde, eldeki geçi sürimiň baş sanyny mümkin boldugyça köpeltmäge synanyşdym; hut şol maksat bilen, biz gezekleşip, bir gün Anna bilen ispan, bir gün men bilen Anna ikibir bolup, awa çykyp ugradyk. Biz ene geçi atan wagtymyz, owlaklaryny diri tutup agyla gabaýardyk. Şeýde-şeýde, jemi ýigrimi töweregi owlagy sürä goşmagyň hötdesinden geldik. Emma welin, iň esasy iş üzüm bişýän möwsümi gelende başlady. Biz küde-küde edip, diýseň köp üzüm serip çykdyk welin, eger ispanlaryň kişmişden çakyr öndürýän Alikante şäherinde bolan bolsadyk, onda altmyş-segsen barrel töweregi çakyry gürrüňsiz taýýarlap bilerdik. Şol kişmişler çörek bilen bilelikde biziň azygymyzyň esasy bölegini düzýärdi. Dogrusy, onuň biçak ýokumly hörekdigini aýtsam, öte geçdigim bolmaz.

Bahym orak möwsümi hem gelip ýetdi we biz ekinden bol hasyl aldyk. Bu, elbetde, adada şu wagta çenli gören iň bereketli hasylym däldi, ýöne, barybir, biziň tutan maksadymyzdaky hajatymyza aňry ýany bilen ýetjekdi. Sebäbi ýigrimi iki buşel arpany iki ýüz ýigrimi buşelden geçirip alypdyk. Şaly hasyly hem on esse çykypdy. On alty ispany ýanymyza getiräýenimizde-de, bu däne ätiýaçlygymyz hemmämize indiki hasyl möwsümine çenli ýeterlik boljakdy. Eger-de dünýäniň islendik künjegine, aýdaly, Amerikanyň bir sebitine baka ýüzüşe şaýlansak, onda şol hasyl bilen gämini mas ýükläp, ýolboýy azyga-çörege zar boljak däldik.

---

[6] Buşel — 36,3 litre deň bolan ölçeg birligi.

Şeýlelikde, biz orak orup, döwek döwüp, hasyly ammara basanymyzdan soň, içine arpa, tüwi guýar ýaly ullakan sebetleri örüp başladyk. Bu senede ispan juda ezber eken. Ol şu hili çybyklardan näme üçin gorag haýatlaryny örmeýändigimi sorap, meni birsyhly kötekleýärdi. Emma men muňa hiç hili zerurlyk görmeýärdim.

Garaşylýan myhmanlaryň ählisine ýeterlik azyk-suwlugy aňryma geçiremsoň, ispanyň gabat garşydaky gury ýere gidip, ol ýerde galan ildeşlerini idäp-soramagyna rugsat berdim. Men oňa pugta tabşyryklar berişdirdim. Eger-de kimde-kim şu adada özüni myhman aljak, ýagşylyk edip, yzlaryndan adam iberen iňlise, ýagny maňa hiç hili zyýan bermejegine, üstüme hüjüm edip, meniň bilen tutluşmajagyna, bardy-geldi şu zeýilli pälini bozan tapylaýsa, onda özüm bilen deň durup, meni gorajagyna, haýsy ýurda ýüzüp gitsek-de, maňa doly tabyn bolup, sözümden çykmajagyna goja ýabanynyň we özüniň öňünde ähdi-peýman etse, diňe şolary ýany bilen alyp gaýtmagyny tabşyrdym. Bärik gaýdarman bolan her bir deňizçä dilhat ýazdyryp, aşagyna-da gol çekdirmegini berk sargadym. Olarda galamyň, syýanyň ýokdugyny bilip duranda bolsam, men muňa kän bir pitiwa etmedim. Olaram sorap durmady.

Şol tabşyryklary berk belläp, ispan bilen Annanyň kakasy münüp gelen, has dogrusy, içine oklanyp, iýmäge alnyp gaýdylan gaýyklarynyň birine münüp, ýola düşmäge taýýarlandylar. Men olaryň hersine çakmakly muşket, sekiz atymlyk ok-däri berdim-de, ony biçak tygşytly saklamaklaryny, juda bir çykgynsyz ýagdaýa düşmeseler, atyp zaýalamazlygy tabşyrdym.

Olaryň ýüzüşe çykmagy meniň üçin çen-çaksyz şatlykly wakady. Indi ýigrimi ýedi ýyl gowrak wagtyň içinde, bu meniň şu adadan gaçyp gutulmak üçin eden ilkinji hakyky synanyşygym boljakdy. Men olaryň özlerine telim günläp, ýoldaşlaryna-da sekiz gün töweregi ýeterlik boljak çörek bilen kişmişi gaýyga ýükledim-de, olara ak ýol arzuw etdim. Gaýdyşyn, kenara ýetmänkäler, olaryň dolanyp gelýändigine uzak aralykdan düşünerim ýaly, gaýyga bir nyşan iltemek barada ylalaşdyk.

Meniň hasabym boýunça, olar oktýabrda, on dördi gijäniň dolan aýynda, mylaýym öwüsýän şemalyň bady bilen ýola düşdüler. Günleriň takyk hasaby barada aýtsam, ozalky gezek bulaşdyralym bäri, gaýdyp ony düzedip bilmändim. Dogrymy aýtsam, ýyllaryň hasabyny hem bulaşdyraýan ýalydym, ýöne soň-soňlar hasaplap görsem, asyl men ýyl hasabyny anyk ýöreden ekenim.

Ispan bilen ýaşula garaşyp ýörenime sekiz gün töweregi bolsa bolandyr. Şol gün taryhda, megerem, görlüp-eşidilmedik oslagsyz bir waka bolup geçdi.

Şol gün ir bilen öz howlymda parahat uklap ýatyrdym. Birdenkä, hyzmatkärim Anna «Hojaýyn, hojaýyn! Gelýäler, gelýäler!» diýip, ulili bilen gykylyklap, ylgaşlap ýanyma geldi. Men böküp ýerimden turdum-da, hasyr-husur geýnip, howp-hatary kelläme-de getirmän, tokaýjykdan daşarlygyna atylyp çykdym (indi oňa tokaý diýiberseň-de boljakdy). Howp-hatary kelläme-de getirmändirin diýýänim, öz hemişeki endigimi bozup, ýanyma ýarag almandym. Deňze bakan seredenimde, haýran galmakdan ýaňa agzymy açyp galdym — bir ýarym liga[7] çemesi uzaklykda, üçburç ýelkenli bir gaýyk adanyň kenaryna bakan ýüzüp gelýärdi. Ugurdaş şemalyň

[7] Liga — 3 mile deň bolan uzynlyk ölçeg birligi.

badyna ol barha ýakynlaşýardy. Ol gaýyk goňşy ada tarapdan däl-de, eýsem, günortadan gelýärdi.

Men muny görüp, Annany ýanyma çagyrdym-da, tokaýjykda gizlenmegi buýurdym, çünki bular biziň garaşýan adamlarymyz däldi. Olaryň dostdugyny-duşmandygyny entek bilmeýärdik.

Onsoň men gaýygy mazaly synlamak üçin howla girip, dürbimi alyp çykdym. Bir zatdan howatyrlananymda edişim ýaly, assyrynja bukulyp, daş-töweregi has oňat synlamak üçin, merduwany söýedim-de, baýryň eňňidine dyrmaşdym. Baýra münüp-münmänkäm, günorta-gündogar tarapda, meniň howlymdan, takmynan, iki ýarym liga daşlykda, labyr taşlan bir gämä gözüm düşdi. Kenar bilen gäminiň aradaşlygy bolsa bir ýarym ligadan köp däldi. Eger ýalňyşmaýan bolsam, bu iňlis gämisi bolmalydy. Bäriligine gelýän gaýyk bolsa, iňlis barkasy bolup çykdy.

Bu täzeligiň meni nähili haýran galdyryp, aljyraňňylyga salandygyny aýtmaga söz, görmäge göz gerekdi. Elbetde, iňlislerden, ýagny öz ildeşlerimden dolup gelýän gä-mini görmegiň döreden şatlygy hiç zadyň çeni-çaky däldi. Emma, herniçik-de bolsa, nireden dömüp çykany näbelli, düşündirip bolmaýan pynhan bir şübhe göwnüme çiglik salyp, ätiýaçly bolmagymy ündäp başlady. Ilki bilen, «Dünýäniň bu gyrak-çetinde iňlis gämisi näme işläp ýörkä?» diýen sorag kelläme geldi, sebäp diýseň, bu jelegaýlar iňlis täjirleriniň söwda edýän ýurtlaryna barýan ýollardan örän sowaşyk ýerleşýärdi. Ýele-gopguna duçar bolup, ygyp gelendirler diýseň, bu golaýlarda apy-tupan hem turmandy. «Häk, bular, hakykatdanam, iňlis bolsa, onda bu ýerlere eýgilige-hä gelen däldirler. Ogry-jümrüleriň, ganhorlaryň eline düşenimden-ä, öňküje oňňudym bilen geziberenim müň paý gowy» diýip içimi gepletdim.

Adam ogly käýarym ýüreginde çyndyr öýdülip güman edilmeýän, ýöne howply ýagdaý barada habar berýän pynhan duýgular dörän mahaly, olara geleňsiz garamaly däldir. Şeýle duýgularyň käbir zatlary dogry görkezýändigini inkär edip biljek az-azmyka diýýän. Göze görünmeýän bir dünýäniň käbir alamatlary, ruhlaryň arasyndaky özara habarlaşmalar bolup durýandygy gürrüňsizdir. Üstesine-de, bize howp-hatar barada duýdurmaga ymtylýarka, olaryň näme üçin biziň bähbidimizedigine ynanmaly däl? Ol duýgularyň isle ýokardan, isle-de pesräk ýerden geleniniň näme tapawudy bar? Gep olaryň biz üçin edýän ýagşylygynda ahyryn.

Şu wagt gürrüň berip oturan wakam şol pikirimiň mamladygyny aňry ýany bilen görkezdi. Sebäbi şol gizlin duýgyny ýüregim syzmadyk bolsady, onda işim gaýtjak eken, öňkimden bäş beter güzaba uçrajak ekenim. Muny siziň özüňizem görersiňiz.

Men baýryň ýapgydynda uzak bukulyp durmaly bolmadym. Bahym barkasyň, kenara ýanaşmak üçin amatlyja köwjagaz agtarýan ýaly, kenara ýakynlaşandygy göründi. Ýöne ara uzak bolansoň, barkasda oturanlar meniň ozal sal bilen ýük daşan duralgajygymy saýgarmadylar-da, howlymdan, takmynan, ýarym mil çemesi uzaklykdaky kenarýaka çykdylar. Çöregim bitin eken, ýogsam olar göni gapymyň öň ýanyna gabatlap, barkasdan düşüp bilerdi ahyryn. Onsoň gelmişekleriň meni kiçijik galamdan kowup çykaryp, bar emlägimi talaňa salmagy gaty ähtimaldy.

Kenara çykan wagtlary men olaryň köpüsiniň iňlisdigine magat göz ýetirdim; aralarynda birki golland hem bardyr öýtdüm, ýöne däl eken. Gelenler jemi on bir

sanydy, olaryň üçüsi bolsa, eli-aýagy daňylgy, ýaragsyz adamlardy. Çägesöw kenara ilki bilen böküp düşen dört-bäş adam ol üçüsini süýrekläp barkasdan düşürdiler. Şol üç adamyň biri gaty gözgyny halda el-aýagyny daldaladyp, näumytlykdan, gussadan ýaňa ikibaka delmurýardy. Beýleki ikisi bolsa, aram-aram gollaryny asmana uzadyşyp, biçak aladaly görünýärdiler, ýöne birinji ýesire garanyňda, olaryň özüni alyp barşy elhalrakdy.

Men bu görnüşe seredip, nämäniň-nämedigine düşünmän, äm-säm bolup durdum. Anna iňlisçe çalgyrtlap: «Waý, hojaýyn! Seret, iňlislerem ýabanylar ýaly adam iýýär» diýende, men oňa: «Näme, Anna, sen olar ýesirleri iýer öýdýäňmi?» diýip ýüzlendim. Ol «Hawa, iýerler» diýip, ýüzüme dikanlady. «Ýok, iýmezler. Ýöne öldürerlermikä diýip gorkýan. Olaryň adam etini iýmejeginden gaty arkaýyn bol» diýip, men ony köşeşdirdim.

Aslynda, meniň özüm näme bolup geçýändigine düşünmän durdum, ýöne bu elhenç görnüşden ýaňa galpyldap, islendik pursatda bir ýesiriň öldürilmegine garaşýardym. Birdenkä, men bir näkesiň ullakan gamany ýa-da deňizçiler aýtmyşlaýyn, gylyjy ýokaryk göterip, ýesirleriň birini çapmaga hyýallanýandygyny gördüm. Ol görgüliniň şalkyldap ýere ýazylaryna garaşyp, gorkudan ýaňa haýygyp, bütin endam-janym gurap galan ýaly boldy. Men ispanyň hem-de ýaşuly ýabanynyň ýanymda ýokdugyna biçak ahmyr edýärdim. Garakçylaryň elinde tüpeň ýokdugyny görüpdim, şonuň üçinem, olara görünmän, ok atym aralyga ýakynlaşyp, ýesirleri halas etmegiň alajyny gözleýärdim. Ýöne meniň kelläme başgaçarak bir pikir geldi.

Men ol üç adama örän ýowuz daraşýan bihaýa deňizçileriň, hamana diýersiň, degre-daşy synlajak bolýan ýaly, adanyň dürli künjeklerine ylgaşlap başlandyklaryny gördüm. Olar gitmänkäler, ýesirleriň el-aýaklaryny çözüp, özbaşlaryna galdyrdylar. Olaryň üçüsem çök düşüp, gam laýyna batyp, näumyt halda otyrdy.

Bu ahwaly synlan mahalym, şu ada ilki gelip düşenimde, dumly-duşa garamaga başlaýşym, öz-özümden göwnüm geçip, lapymyň keç bolşy, gorkudan ýaňa gözlerimi elek-çelek edip, kellämde elhenç pikirleriň köwsarlaýşy, ýyrtyjy haýwanlar düýt-müýt edäýmesin diýen howatyr bilen uzakly gijäni agajyň üstünde geçirişim hakydama geldi. Meniň şol gije şu günki güne deňiç uzak wagtlap öz günemamy dolamagyma ýaran gämini Hudaýyň harasat we daşgyn arkaly adanyň golaýyna getirjeginden bihabar bolşum ýaly, ol üç biçäräniň hem halas bolmagynyň nähili ýakyndygyndan, täleýleri ters gelip, ähli umytlaryndan el üzüp oturan şu pursatlarynda, aslynda, özleriniň nähili elin, howpsuz ýagdaýdadygyndan habarlary ýokdy. Ine, biziň geljegi bar saýgaryp bilşimiz. Dogrusyny aýtsaň, älem-jahany ýaradan Biribardan umyt üzmezlige, Oňa hemişe arkaýyn bil baglamaga örän köp sebäp bar. Ol öz bendelerini hiç haçan bütinleý bialaçlykda goýmaýar. Iň çökder ýagdaýlarda hem adamlaryň şükür etmegine esas bolarlyk bir zat hökman tapylýandyr. Hatda öz heläkçiligimiz hökmünde görýän bir zadymyz, aslynda, halas bolmagymyzyň serişdesi bolup çykýar.

Garakçylaryň kenara çykan pursady daşgyn dowam edýärdi. Olar daş-töweregiň näjüre ýerdigini biljek bolup, onda-munda selpeşip ýörüşlerine, gaýtgyn başlaýança

bar wagtlaryny bihuda geçirdiler. Indi, suw yza çekilensoň, olaryň barkasy çägesöw saýlyga batyp galyberipdi.

Olar barkasda iki sakçy goýupdyrlar, görüp otursam, olaram içip bilen brendisini içip, uklap galan eken. Bolsa-da, sakçylaryň ukusy ýeňilrägi oýanyp, barkasyň bir özi gozgardan has ymyklyrak batandygyny gördi-de, golaý-goltumda kaňkaşyp ýören ülpetlerine gygyrdy. Olar çakylygy eşiden batlaryna duran-duran ýerlerinden eňşip, barkasyň daşyna üýşdüler-de, ony suwa bakan iteklemäge başladylar. Ýöne barkas örän agyr bolansoň, kenarýakanyň ykyrdap duran gyrmançak çägesinde ol gurrumsaklaryň biderek arrygyny gynany galdy.

Şeýle bolansoň, garakçylar ertirki günüň gamyny iýmeýän hakyky deňizçiler kimin, barkasly işi biryana goýdular-da, ýene adada köw-söw etmäge dagadylar. Olaryň biriniň barkasda oturan garakça, iňlisçeläp gaty sesi bilen: «Ýeri, bolýar eken-dä, Jim! Daşgyn başlansoň, onuň özem, baý, ýüzer-ä» diýip gygyrýandygy gulagyma ildi. Şeýlelikde, bularyň öz ildeşlerimdigi baradaky esasy çaklamam doly ýerine düşüpdi.

Tutuş şol wagtyň dowamynda men ýerimden gozganman durdum. Baýryň depesindäki gözegçilik nokadymdan başga hiç bir ýere butnamaga bognum ysmaýardy. Howlymy şeýle ygtybarly edip gurandygyma öz ýanymdan begenmek-begenýärdim. Daşgyn başlap, barkas ýüzýänçä, iň bolmanda, ýene on sagat gerek boljakdygy bellidi. Oňa deňiç garaňky gatlyşjakdy, onsoň men olaryň hereketlerini yzarlap, gep-gürrüňlerini arkaýyn diňläp biljekdim.

Şol ikarada men ýene öňki sapardaky ýaly çaknyşyga taýýarlyk gördüm, ýöne bu gezekki duşman ýabanylaryň çaky däldigi sebäpli, has ätiýaçly hereket edýärdim. Menden tälim alyp, ussat mergen bolup ýetişen Anna hem ok-ýaragyny taýýarlamagy buýurdym. Özüm iki sany aw tüpeňini aldym, oňa-da üç muşketi tutdurdym. Meniň daş sypatym diýseň hyrsyz görünýärdi — geçi derisinden tikilen haýbatly ýapynjamy geýnipdim, kellämde ozal gürrüň beren äpet başgabym, bilimde ýalaňaç gamam bardy, kemerime iki sapança gysdyrylgydy. Elimdäki tüpeňleri egnime atyp barýardym.

Ýaňky aýdyşym ýaly, niýetim — garaňky düşýänçä hiç hili synanyşyk etmezlikdi; ýöne Gün süýrdepä çykan mahaly, günortan sagat ikilerde, garakçylar tokaýyň içinde çar ýana pytrap, çaklaýşym ýaly, hersi bir ýere süýnüp ukladylar. Gaýgydan ýaňa gözlerine uky gelmedik ýesir görgüliler bolsa menden çärýek mil uzakda, ullakan bir agajyň kölegesinde otyrdy. Göräýmäge, olar beýlekileriň göz ýeterinden daşdady. Şeýle bolansoň, olara görnüp, hal-ahwallaryny soraşdyryp görmegi ýüregime düwdüm. Haýal etmän, hälki aýdan keşbimde şol agaja tarap ýola düşdüm, meniň garagörnüm yzymdan bolsa, büküdikläp Anna gelýärdi. Ýöne onuň ok-ýaragy ýetik hem bolsa, daşky sypaty edil meniňki ýaly eleşan däldi.

Men başardygymdan görünmejek bolup, ýesirleriň golaýragyna bardym. Soňra meni görüp ýetişmänkäler öňürtdim-de, sesimi gataldyp, ispança: «Jenaplar, siz kim bolarsyňyz?» diýip seslendim. Ýesirler «wäh» diýlen ýaly, laňňa ýerlerinden turdular. Meniň sypatyma gözleri düşüp, aljyraşyp, aňk-taňk boldular. Olar jogap berenden-ä geçen, gaýtam, ýaňy bir iňlisçe geplejek bolan pillämi, aňyrlygyna bakan ökjäni

götärli göründi. Men «Jenaplar! — diýip, söze başladym. — Menden gorkup oturmaň. Belki, beýle waka bolar öýdüp güman hem eden dälsiňiz, ýöne bu duran siziň dostuňyz». Olaryň biri şlýapasyny çykardy-da: «Onda siz göni gökden inen bolmaly, sebäbi biziň ýagdaýymyz adam kömek ederden çökderräk» diýip, agras jogap berdi. Men: «Elbetde, ähli kömekler Biribardan gelýär. — diýip, sözümi dowam etdim. — Size nähili kömek etmelidigini öňüňizde duran kesekä düşündirseňiz niçik bolarka? Görýän welin, halyňyz juda harap bolarly. Men sizi kenara aýak basan pursadyňyzda gördüm. Ýanyňyz bilen gelen näkeslere ýalbarşyňyza, olaryň biriniň sizi öldürmek üçin gylyç syranyna gözli şaýat boldum».
Gözlerinden boýur-boýur ýaş syrygýan ol görgüli galpyldap durşuna: «Eý, Hudaý, meniň bilen gürleşip duran kim? Sen hakyky adammyň ýa gökden inen perişdemiň?» diýip, maňa ýüzlendi. Men oňa: «Jenap, arkaýyn bolaýyň, menem özüňiz ýaly adam — diýip jogap berdim-de, sözümi dowam etdirdim. — Eger Hudaý sizi halas etmek üçin perişde iberen bolsady, onda onuň ebti-başy meniňkiden ibalyrak bolardy, ok-ýaragy hem meniňkiler ýaly bolmazdy. Şonuň üçinem ýaýdanyp oturmaň, men adam, özümem iňlis. Başarsam, size kömek etmekçi. Görşüňiz ýaly, meniň ýanymda diňe hyzmatkärim bar, ýöne biziň ýaragymyz ok-därimiz ýetik. Çekinmäň-de aýdyberiň, size kömegimiz degermi? Onsoňam bu ýagdaýa nädip düşdüňiz?».
Ol: «Ganhorlarymyz şu töwerekde ýatyrka, ýagdaýymyzy size jikme-jik düşündirmäge wagt bolmaz — diýip gepläp ugrady. — Gepi uzaldyp oturmaýyn, men şol duran gäminiň gämibaşysydym. Meniň ekipažym gämide topalaň turuzdy. Bu ganhorlara ýalbar-ýakar, höre-köşe edip, janymy zordan halas etdim. Onsoň olar meni şu iki adam bilen bilelikde bu çola ýere taşlap gitmäge razy boldular. Bularyň bir-ä meniň kömekçim, beýlekisem ýolagçy. Bu adada janly-jemende bardyr öýtmän, ajalymyza garaşyp otyrdyk. Indem näme edip-näme goýjagymyzy bilemzok» diýip, ol sözüni soňlady.
Meniň ganym depäme urdy: «Hany şol gurrumsaklar? Olaryň nirä siňenlerini bilýäňizmi?» «Hanha, ho taýda ýatyrlar — diýip, gämibaşy tokaýyň içindäki gür agaçlyga bakan elini uzatdy. — Olar bizi görüp, gep-gürrüňimizi eşidendirler öýdüp, şu wagt ýüregim agzymdan çykyp gelýär. Eger şeýle bolaýsa, onda olar bizi diri goýmazlar».
«Olaryň tüpeňi barmy?» diýip, men sowal berdim. «Diňe iki sany tüpeňi bar, olaryň birini barkasda goýdular» diýip, gämibaşy jogap berdi. «Örän ajap! — diýip, men bu jogaba begendim. — Galan işi maňa goýuň. Görýän welin, topalaňçylar şu wagt süýji uka giden ýaly. Olary birýan ujundan pürreläp çykmak işiň aňsady. Ýöne olary ýesir alaýsak, niçik bolarka?» Muny eşiden gämibaşy olaryň arasynda iki sany ýolýitiren näkesiň bardygyny, olaryň ganyny geçmegiň howply boljakdygyny aýtdy. Gämibaşy şol ikisiniň merkini berip bolsa, beýleki deňizçileriň hemmesiniň öz borçlaryna boýun boljagyna biçak ynanýandygyny aýtdy. Men ondan şol ikisini görkezmegini soradym. Ol maňa munça uzak aralykdan ol ikisini saýgaryp bilmejegini, ýöne men näme buýruk bersem, akgöwünlilik bilen berjaý etmäge taýýardygyny mälim etdi. «Ýeri, bolýa! — diýip, sözümi dowam etdim. — Olar oýanmaz ýaly, bu ýerden uzagraga gideliň. Näme etjegimiz barada şol ýerde bir çukura tüýküreris». Onsoň

olaryň üçüsem göwünjeňlik bilen yzymyza düşüp, tokaýyň topalaňçylara görünmeýän gür ýerine çenli gaýtdylar.

Men ýene gämibaşa ýüzlenip: «Diňläň, jenap! — diýdim. — Eger sizi halas etmäge töwekgelçilik etsem, onda siz meniň iki şertime razymy?» Men entek şertlerimi aýdyp ýetişmänkäm, gämibaşy özüniň hem-de, eger alyp bilsek, öz gämisiniň her bir jähetden meniň buýrugyma we görkezmelerime tabyn boljakdygyny, bardy-geldi, gämini ele geçirip bilmesek, onda özüni dünýäniň haýsy çetine ibersem-ibereýin, meniň üçin ýaşap, meniň üçin jan berjekdigini tekrarlady. Onuň ýanyndakylar hem şol zatlary aýtdylar. Onsoň men «Bolýar! — diýdim-de, sözümi dowam etdirdim. — Meniň şertim şular: birinjiden, şu adada meniň ýanymda bolan wagtyňyzda, hiç bir mesele boýunça özüňizi ygtyýarly diýip hasap etmäň. Eger size tüpeň bersem, islän çagym olary yzyna tabşyryň. Şu adada maňa degişli islendik zat ýa-da özüm barada betniýetli pygyllara ýüz urmaň. Bir diýenimi iki gaýtalatman berjaý ediň. Ikinjiden bolsa, eger gämini ele salmagyň hötdesinden geläýsek, onda meni hem-de hyzmatkärimi nyrhyny töletmän, Angliýa alyp gidiň».

Gämibaşy meniň bu akylly-başly talaplarymy doly berjaý etjekdigi, onuň üstesine, tutuş ömrüni maňa bagyş edip, tä peýmanasy dolýança, her bir pursatda maňa minnetdar boljakdygy barada ant baryny içip, wada berdi.

«Onda, näme, urşuň geňeşi ýok — diýip, men söz nobatyny aldym. — Ine, size üç sany muşket, ine-de, däri bilen ok. Hany, indi, aýdyň bakaly, biz nähiliräk hereket etsek gowy bolar?». Gämibaşy elinden geldiginden minnetdarlyk baryny bildirip, özleriniň meniň agzyma garaýandygyny aýtdy. Onsoň men: «Näme edenimizde-de, töwekgelçilik uly. Meniňçe, iň gowusy, olar şindi uklap ýatyrkalar üstlerini basalyň-da, barymyz bilelikde ot açalyň. Ok degip, ölen-ä öler, ölmän galanlaryna-da boýun egmekligi teklip ederis. Kime ok degjegini bolsa, Biribaryň takdyryna goýalyň» diýip, kellämdäki pikiri beýan etdim.

Gämibaşy biçak sypaýyçylyk bilen, mümkin bolsa, gan dökmezligiň tarapdarydygyny aýtdy. Emma gämide topalaň başladan şol iki haramzadany sypdyrmaly däldigini hem nygtady. Eger gaçyp sypaýsalar, onda olaryň gämä baryp, tutuş ekipažy üstümize süräge-de, hemmämiziň ýogumyza ýanjakdygy, hakykatdan hem, görnüp durdy. «Onyň dogry-la! — diýip, men ýene öz pikirimi öňe sürdüm: — Zerurlyk meniň mamladygymy görkezýär, sebä-bi biziň halas bolmagymyzyň şundan başga çykalgasy ýok ahyryn!» Şeýle-de bolsa, gämibaşynyň, barybir, gandöküşiklige göwnemeýändigini görüp, men oňa özleriniň gidip, näme edesleri gelse, şony etmeklerine rugsat berdim.

Şeýdip, gepleşip durkak, biz käbir deňizçileriň oýanyp ugrandygyny aňdyk, bahym olaryň ikisi ýerinden turdy. Men gämibaşydan «Olar şol pitne turuzanlarmy?» diýip soradym. Ol «Ýok» diýip jogap berdi. Men: «Onda olar gaçsa gaçybersin, belkem, halas bolmaklary üçin olary Biribaryň özi oýarandyr — diýip, sözümi dowam etdirdim. — Ýöne beýlekiler gaçyp sypaýsa welin, onda günäsi siziň boýnuňyza bolar».

Gämibaşy şol söze gylawlanyp, özüne uzadan muşketimi eline alyp, biline-de sapançany gysdyrdy we elleri muşketli iki ýoldaşyny öňüne düşürip, topalaňçylara

baka ýöräp ugrady. Ýaňky oýananlaryň biri öňden barýanlaryň aýak sesine üşerilip, dikeldi-de, daş-töwerege göz aýlady. Ol ätmerläp gelýän eli ýaragly pyýadalary göreninden, uly gykylyk edip, ýatanlary örüzmäge synanyşdy, ýöne ol gaty gijä galypdy. Ol ýaňy bir gygyranda gämibaşynyň kömekçisi bilen ýolagçy eýýäm mäşäni gysyp ýetişdi. Gämibaşy pähimli hereket edip, öz tüpeňini atman saklandy. Kömekçi bilen ýolagçy esasy topalaňbaşçylary örän gowy nyşanalap atan eken — olaryň biri şobada takga jan berdi, beýlekisi bolsa agyr ýaralandy, ýöne onuň heniz jany bardy. Onsoň ol entirekläp ýerinden galdy-da, janhowluna haraý isläp, öz ülpetlerine gygyrdy. Gämibaşy onuň ýanyna bardy-da, indi kömek sorardan giçdigini aýdyp: «Sen gowusy, eden etmişiňi bagyşlamagy üçin Biribara ýalbar» diýägede, garakça bir agyz geplemäge-de maý bermän, muşketiň gundagy bilen kellesine jaýdar gülçüldedip, ony ýere ýazdy. Ýene üç deňizçi galypdy, olaryňam biri gyltyzrak ýaralanypdy. Oňa çenli men hem ol ýere baryp ýetdim. Ol üçüsi üstlerine abanýan howpy görüp, indi garşylyk görkezmegiň peýdasyzdygyna düşündiler-de, rehim etmegimizi sorap ýalbaryp ugradylar. Gämibaşy öz dönükligine puşman edýändiklerine kepil geçip, gämini täzeden basyp almaga hem-de ony yzyna — Ýamaýka adasyna alyp gitmäge tüýs ýürekden kömek etjekdiklerine ant içseler, onda olaryň ganynyň geçiljegini aýtdy. Olar ýerli-ýerden, bir-birlerinden öňürti ant içişip-awy ýalamaga başladylar. Gämibaşy hem olaryň sözlerine ynam bildirip, garaz, olary öldürmejekdendi. Menem muňa garşy bolup durmadym, ýöne tä adadan gidýänçäler, olaryň el-aýagynyň daňlyp goýulmagyny talap etdim.

Şol aralykda, men gämibaşynyň kömekçisi bilen Anna barkasyň ýelkenini we küreklerini aýryp goýmaklaryny tabşyryp, olary kenara ugratdym. Olar aýdyşym ýaly hem etdiler. Şol wagt (nesibesi çekip) adada aýlaň-çaýlaň etmäge giden beýleki üç deňizçi hem tüpeň sesini eşidip, dolanyp geldi. Olar öz ýesirleri bolan gämibaşynyň indi rüstem çykandygyny görensoň, el-aýaklarynyň daňlyp goýulmagyna razy boldular. Şeýlelikde, biziň ýeňşimiziň soňam şowly gutardy.

Bu işi birýaňalyk edenimizden soň, gämibaşy bilen bir-biregiň hal-ahwalyny soraşmaga gezek geldi. Gürrüňe ilki men başladym we başymdan geçenleri bolşy-bolşy ýaly aýdyp berdim. Gämibaşy meniň gürrüňimi örän gyzyklanyp, haýran galyp diňleýärdi. Ylaýta-da, ol meniň bagtyma azyk hem-de ok-däri tapylyşyna biçak geň galdy. Aslynda, meniň hekaýatym başdan-aýaga geň-enaýy başdan geçirmelerden doly bolansoň, ol näme aýtsam, haýran galyp otyrdy. Soňra gämibaşy bu gürrüňleri ölçerip-döküp, birsellem oturdy-da, meniň, göýä diýersiň, şunça ýyllap, şu çola adada onuň janyny halas etmek üçin ýaşan ýalydygymy aýdyp hamsykdy. Onuň gözlerinden boýur-boýur ýaş gaýtdy, damagy dolup, ýeke agyz gepläp bilmedi.

Gürrüňimiz gutaransoň, men onuň özüni hem-de iki ýoldaşyny öz howlyma alyp gaýtdym. Biz howla adaty girelgeden, ýagny bassyrmadaky gapyjykdan girdik. Men olara barymdan hödür-kerem etdim. Nahardan soň, men öz myhmanlaryma şu adada ýaşan uzak wagtymyň dowamynda oýlap tapan ähli açyşlarym, abzal-gurallarym barada gürrüň berdim.

Meniň görkezýän, aýdyp berýän zatlarym olar üçin biçak täsindi. Emma gämibaşy bar zatdan beter, meniň guran berkitmeli haýatlaryma, öz howlymy kiçeňräk

tokaýjygyň içinde ussatlyk bilen gizleýşime telpek goýdy. Hakykatdan-da, ýigrimi ýyl ozal oturdyp çykan nahallarym, bu ýerde Angliýadakydan has çalt ösüp, indi ok ursaň geçmejek sümme tokaýa öwrülipdi. Agaçlaryň arasy şeýlebir gysbydy welin, ilkibaşda ýörite goýan egrem-bugram ýodajygymdan başga hiç bir ýerinden ýöräp geçmek mümkin däldi. Men olara bu howlynyň meniň galajygym hem-de hemişelik ýaşaýan mesgenimdigini aýtdym. Ondan başga-da, edil begzadalaryňky ýaly, jülgede käýarym göwün açmak üçin dynç almaga gidýän telärli mülk ýerimiň bardygyny hem gürrüň berdim. Men öz myhmanlarymy jülgedäki ýerime soň bir gün äkitmäge söz berdim, sebäbi indi gämini nädip yzyna gaýtaryp almalydygy barada kelle döwmelidi. Gämibaşy meniň pikirimi unady, ýöne özüniň halys kelebiň ujuny ýitirendigini boýun aldy; gämide şol dildüwşükli etmişe goşulan ýene-de ýigrimi alty deňizçiniň galandygyny aýtdy. Gämibaşynyň aýdyşyna görä, baş goşan hyýanatçylykly dildüwşükleri sebäpli, gämidäki topalaňçylaryň hemmesi kanun boýunça ölüm jezasyna höküm ediljekdi. Eger bize tabyn bolaýsalar, Angliýa ýa-da islendik bir iňlis mülküne baran wagtlary, dar agajyndan asyljakdyklaryna olar gaty gowy düşünýärdiler. Şonuň üçinem olaryň iki tarapyny deňläp, guduz açana dönjegi aýnada görlen ýalydy. Ýagdaý şeýle bolansoň, az sanly adam bilen gämä hüjüm etmek barada gürrüň edip oturasy iş ýokdy.
Men gämibaşynyň aýdan sözleri barada birsellem oýlanyp durdum we onuň bu ýerlikli pikiri bilen ylalaşdym. Şonuň üçinem gämidäkiler hüjüme geçip, ýogumyza ýanmankalar, olary aldawa salyp, duzaga düşürmegiň bir alajyny tapmalydy, onda-da tiz tapmalydy. Onsoň gämidäki deňizçileriň bahym öz ýoldaşlaryna we barkasa näme bolandygy bilen gyzyklanyp başlajakdygy kelläme geldi. Olaryň başga bir gaýyk bilen ada tarap ýüzüp gaýtjakdygy indi köre hasady. Ýaraglanyp geläýseler-ä, ber onsoň habaryňy. Gämibaşy hem meniň bu pikirlerimi makullady.
Şol wagt, men topalaňçylar yzyna alyp gitmez ýaly, öňi bilen, kenardaky barkasyň azaryndan dynmalydygymyzy aýtdym. Biz onuň ähli enjamlaryny aýryp, ýüzüp bolmaz ýaly edip goýmagy müwessa bildik. Soňra biz maslahaty jemläp, barkasyň ýanyna gitdik-de, onuň içinde goýlan ýaraglary, başga-da elimize ilen zatlary oljaladyk. Oljalaryň arasynda bir çüýşe brendi, ýene bir çüýşe rom, kakadylan az-owlak külçe, bir şah däri, ýelken bölegine dolanylgy ullakan bir tokga gant bardy. Gandyň agramy bäş-alty funt çemesi bolmalydy. Bularyň barysy maňa kemje-kerdem sowgat bolmady, ylaýta-da, brendi bilen gant tüýs hoşuma geldi, sebäp diýseň, ganda zar bolup ýörenime indi ençeme ýyl bolupdy.
Bu goş-golamlaryň ählijesini kenara çekenimizden soň (kürekler, bogaldak we ýelken, öň aýdyşym ýaly, eýýäm aýrylgydy), barkasyň düýbüni hoňkardyp deşip goýduk. Bardy-geldi biz duşmandan asgyn gelip, yza çekiläýenimizde-de, olar indi bu barkasy äkidip biljek däldiler. Dogrymy aýtsam, gämini basyp almaga güýjümiz ýeter öýdüp güman hem etmeýärdim. Ýöne eger olar bu ullakan barkasy taşlap gidäýseler, biz ony ýaňadan öňki kaddyna getirip biljekdik. Onsoň meniň hyýalym — ýele tarapdaky Antil adalaryna bakan ýüzüşe çykyp, ýüzugrumyza ispan dostlarymyzy hem alyp geçmekdi. Olar hemişe meniň ýadymdady.

## XVIII bap

Şeýlelikde, biz bar güýjümizi toplap, işe girişdik we öňi bilen, barkasy süýräp, daşgyn gelen wagty akyp gidibermezligi üçin kenaryň suw ýetmejek beýigräk bir ýerine eltdik. Soňra gaýygyň düýbündäki deşigi bäri-bärde ýamap bolmaz ýaly giň etdik-de, «indi näme ederkäk» diýen terzde oýurganyp, çägesöw kenarda dyz epdik. Edil şol wagt gämiden gümmürdäp top atylandygyny eşitdik we gämidäkileriň baýdak galgadyp, barkasy yzyna çagyrýandygyny saýgardyk. Barkas geler ýerde gelmänsoň, topalaňçylar ýene birnäçe sapar top atyp, baýdak galgatdylar.
Ahyrsoňy, topdan we baýdak galgatmadan netije çykmansoň, olar barkasyň ýerinden gozganmaýandygyna göz ýetirdiler. Men dürbim bilen synlap durşuma topalaňçylaryň gämidäki gaýygy suwa goýberip, bärligine ýüzüp gaýdandygyny gördüm. Gaýyk kenara ýakynlaşyp ugranda, onuň içinde azyndan on sany tüpeňli deňizçiniň oturandygy bize äşgär boldy.
Gämi kenardan iki liga çemesi uzakda labyr taşlapdy, şonuň üçinem gaýykly ýüzüp gelýänleri arkaýyn synlap durduk, hatda olaryň ýüz keşplerini hem aýyl-saýyl görüp bilýärdik. Daşgynyň akymy gaýygy barkasyň duran ýerinden az-kem gündogar tarapa sowaşyk eltendigi sebäpli, topalaňçylar barkasyň duran ýerine barmak üçin kenaryň ýakasyny syryp kürekleýärdiler.
Şeýlelikde, ýaňky aýdyşym ýaly, biz topalaňçylary doly görüp durduk. Gämibaşy gaýykda oturanlaryň barysynyň kimdigine, hüý-häsiýetleriniň nähilidigine bäş barmagy ýaly belet eken. Ol üç deňizçiniň örän akýüreklidigini aýdyp, olary beýleki topalaňçylaryň gorkuzyp, haýbat atyp, dildüwşüge gatnaşmaga mejbur eden bolmagynyň juda ähtimaldygyna kepil geçdi. Ýöne welin, gaýykda hojaýynsyrap oturan kiçi serkerde hem-de şol üç deňizçiden galany tüýs bir ýakasyny tanadan tüpbozanlar bolup çykdy. Gämibaşy maňa olaryň indi öz baş goşan etmişleri zerarly hiç bir zatdan gaýtmajakdygyny hem duýdurdy. Ol topalaňçylar bilen oýnumyzyň deň gelmezliginden juda howatyr edýärdi.
Men oňa ýylgyryp garadym-da: «Biziň günümize düşen adam gorkardan geçendir-le. Indi nähili ýagdaýa düşenimizde-de şu wagtkymyzdan elhal boljakdygy görnüp dur. Diri galsag-a, diri galanymyz bolar, bardy-geldi öläýsegem, bu dünýäň azabyndan dynjagymyz eken-dä — diýdim-de, onuň özüne sowal bilen ýüzlendim: — Meniň şu günüme bir serediň. Näme, halas bolmaga täwekgelçilik edenime degmez öýdýäňizmi?» Men onuň jogabyna-da garaşman: «Ýogsa-da, jenap, meniň şu adada sizi halas etmek üçin diri galandygyma ynanýandygyňyzy aýdyp, häli tolgunyp oturan ýalydyňyz-la?! Dogrymy aýtsam, häzir meni diňe ýekeje zat ynjalykdan gaçyrýar» diýip teýene etdim. Gämibaşy meni biynjalyk edýän zadyň nämedigini soranda, oňa: «Bularyň arasyndaky siziň aýdan üç sany akýürekli deňizçiňizi halas etmeli bolarys. Eger gaýykdakylaryň barysy deýýus haramzada bolan bolsady, onda Ýaradanyň özi olary biziň elimize düşürmek üçin ýörite iberendir öýtsemem öýderdim. Sebäbi ýasy ýanyňyz ýerde bolsun, şu kenara aýak basan islendik adamyň jany biziň elimizdedir. Isleseg-ä öldüreris, ýogsa-da bir çemçe ganyny geçeris» diýip,

sözümi soňladym. Meniň sesimi gataldyp, keýpihon gürleýänimi gören gämibaşy derrew dogumlandy we biz hyjuw bilen işe girişdik.
Biz gämiden gaýygyň gaýdanyny gören wagtymyz elimizdäki ýesirleriň aladasyny edip, olary ykjam bir ýerde gizlemeli bolduk. Men gämibaşynyň has müňkürlik bilen garaýan iki sany ýesirini Anna bilen kömekçiniň öňüne salyp, gizlin gowagyma iberipdim. Ol ýer çolajady, tussaglaryň ne-hä sesini eşiden boljakdy, ne-de üstlerinden baran. Olar gowakdan çykyp gaçaýsa-da, tokaýyň içinde ýol-ýoda tapjak gümanlary ýokdy. Anna bilen kömekçi olary gowaga eltip daňypdyrlar, ýöne ýanlaryna azyk-suwluk goýupdyrlar. Dek otursalar, ýene birki günden erkinlige goýbermäge söz beripdirler. Bardy-geldi, gaçmakçy bolaýsalar welin, öldürjekdiklerini aýdypdyrlar. Ýesirler bu tussaglygy jyňklaryny çykarman, sabyr-takat bilen geçirmäge äht edipdirler, tüm garaňkyda aç-hor oturmaz ýaly alada edendikleri üçin minnetdarlyk bildiripdirler, sebäbi Anna olara öz elde ýasan şemlerimizden beren eken. Olar, elbetde, Anna gowagyň agzynda garawulçylyk çekýändir öýdýärdiler.
Biz beýleki tussaglara gowy daraşdyk. Dogrusy, gämibaşynyň ynamyna girip bilmedik iki tussagy daňyp goýmaly bolduk. Ýöne gämibaşynyň maslahaty bilen beýleki iki ýesiri bize soňky demlerine çenli wepaly bolmaga dabaraly ant içdirip, öz hyzmatyma kabul etdim. Şeýlelikde, olar bilen bilelikde biz gowy ýaraglanan ýedi adam bolduk. Men aralarynda gämibaşynyň akýürekli diýen üç-dört deňizçisiniň bardygyny göz öňünde tutup, ýetip gelýän on adamyň hötdesinden geljegimize pugta ynanýardym.
Şol aralykda topalaňçylar barkasyň ýatan ýeriniň deňinde gaýygy kenara ýanadylar we hemmesi gaýykdan düşüp, ony süýräp, çägesöw ýere çykardylar. Men muňa begendim, sebäbi kenardan aňyrrakda labyr taşlap, gaýygyň içine-de iküç sany sakçy goýsalar, onda gaýygy ele salmak kyn düşer öýdüp ýaýdanypdym.
Kenara çykan batlaryna topalaňçylar barkasa tarap eňdiler. Barkasyň ähli abzal-gurallary sypyrylyp, düýbüniň hoňkaryp ýatandygyna gözi düşen topalaňçylaryň nähili haýran galyp, aljyraňňylyga düşendigini göz öňüne getirmek aňsatdy.
Olar birsellem diňşirgenip durdular-da, dostlaryna eşitdirmek üçin iküç gezek zowladyp gygyrdylar. Ýöne olara jogap beren bolmady. Soňra olar bir ýere jemlenişdiler-de, barysy birlikde sapançalaryny ýokaryk atdylar. Tokaýyň içinde ýaňlanyp giden güňleç tarkyldyny hem, barybir, bizden başga eşiden adam bolmady. Gowakda oturan tussaglaryň ol sesi eşitjek gümanasy ýokdy, ýanymyzdaky iki ýesir bolsa, dostlaryna jogap berip gygyrmaga milt edip bilmedi.
Topalaňçylar bu oslagsyz ýagdaýa şeýlebir haýran galypdylar welin, soňra özleri aýtmyşlaýyn, olar gämä dolanyp, öz ähli ülpetleriniň öldürilip, barkasyň döwlendigini habar bermegi ýüreklerine düwüpdirler. Hakykatdan hem, olar basga düşüp, gaýygy suwa goýberdiler-de, derrew oňa münmek bilen boldular.
Gämibaşy muny görüp, edil serpmeden gaýdana döndi. Indi topalaňçylaryň gämä baryp, öz dostlarynyň gürüm-jürüm bolandygyny aýdyp, ýelken açyp, gämini alyp gidibermekleri juda ähtimaldy. Onsoň gämibaşy gözüni dikip oturan gämisinden umydyny üzmeli boljakdy. Ýöne bahym oňa gorkmaga başgarak zat tapyldy.

Olaryň kenardan gidenine onçakly wagt geçmänkä, biz gaýygyň yzyna dolanyp gelýändigini gördük. Megerem, olar şol ikaralykda üýşüp bir maslahat tapan bolmalydy. Kenara gelip düşensoňlar, üç deňizçi gaýykda galdy, beýleki ýedisi bolsa, öz ýoldaşlaryny agtarmak üçin adanyň içine bakan ýöredi.

Muňa diýseň lapymyz keç boldy, sebäbi biz indi näme etjegimizi bilmeýärdik. Eger ikibaşdan gaýyk gaçyp gitjek bolsa, onda biziň bu ýedi deňizçi bilen darkaş gurup, ýeňiş gazananymyzyň peýdasy boljak däldi. Gaýykdaky sakçylar gaçyp sypaýdygy, gämidäkileriň labyr göterip, ýazzyny berjekdigini ujy iki däldi.

Herniçik-de bolsa, biziň näme-nämeler boljagyna garaşyp oturmakdan başga çykalgamyz galmandy. Ýedi sany deňizçi düşüp gaýdansoň, sakçylar gaýygy kenardan ep-esli aradaşlyga kürekläp eltdiler-de, şol ýerde labyr oklap, garaşmaga başladylar. Şeýlelikde, gaýyga baryp ýetmek mümkinçiligimiz hem elden gitdi.

Tokaýa siňen ýedi topalaňçy aralaryny kän bir üzmän, howlymyň üstüne abanyp duran baýryň depesine tarap ýöräp gaýtdylar. Olar bizi görmeseler-de, biz olary elimiziň aýasynda ýaly synlap otyrdyk. Olar bize has golaýlaşsalar, biziň üçin birden ot açmaga örän çemeli boljakdy. Aňyrlygyna ýöreseler ondanam gowy boljakdy, sebäbi biz bukulyp ýatan ýerimizden çykyp biljekdik.

Olar ahyrsoňy baýryň gerşine baryp ýetdiler, ol ýerden seredeniňde, adanyň iň çöket ýeri bolan demirgazyk-gündogara tarap ýaýylyp ýatan jülgelerdir tokaýlar edil eliň aýasynda ýaly görnüp durdy. Gözlegçiler şol ýerde durup, tä ýadaýançalar gygyryp, gopgun baryny turuzdylar. Olar kenardan daşlaşmaga-da, bir-birlerinden aýrylmaga-da ýürek edip bilmän, ahyrsoňy, seleňläp oturan ullakan bir agajyň kölegesinde oturyp maslahatlaşyp ugradylar. Öňki barkasdakylar ýaly, bularam ýatyp ukyny urmaly diýen netijä gelseler, uly iş bitirjekdiler, ýöne nähili howpuň abanýanyny anyk bilmeseler-de, gorkudan ýaňa ýatyp uklamaga töwekgelçilik edip bilmeýärdiler.

Gözlegçiler maslahat edip otyrka, gämibaşy örän göwnejaý teklibi orta atdy. Ýagny gözlegçileriň öz ýoldaşlaryna eşitdirmek üçin ýene bir sapar asmana ok atmagy mümkindi. Ana, şonda olaryň hemmesiniň tüpeňi birden göçen wagty biz bärden okgunly hüjüme geçsek, tüpeňleri boşan topalaňçylaryň aljyrap, boýun egjegi anykdy. Şeýlelikde, bu işiň hiç hili gan dökmesiz hötdesinden gelip biljekdik.

Ol teklip meniň göwnüme ýarady, ýöne olar tüpeňlerini ikinji gezek oklap ýetişmänkä üstlerini basar ýaly biz edil alkymlarynda gizlenip oturmalydyk. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly duşmanam tüpeň atarly däldi, bizem näme edip-näme goýjagymyzy kesgitläp bilmän, hyrçymyzy dişläp, uzak wagt garaşdyk. Teýahyr, men gün ýaşyp garaňky gatlyşýança hiç zat etmesek gowy boljakdygyny aýtdym. Oňa çenli gözlegçi topar gaýyga dolanyp gitmese, onda gije bir alajyny tapyp, gözlegçiler bilen gaýykdakylaryň arasyna bildirmän girmelidi-de, gaýykda oturanlary aldawa salyp, gaýygy kenara getirmelidi.

Biz olaryň bir ýaňa gozganaryna garaşyp oturyşymyza, halys sabyr-takatdan gaçdyk. Topalaňçylar öz aralarynda uzak çekeleşip, ahyrsoňunda, ýerlerinden turup, deňze bakan ýola düşdüler. Bu biziň keýpimize sogan dograady. Olar bu ýerdäki howp-hatar barada biçak elhenç zatlar pikir eden bolmalydy. Megerem, indi olar gämä dolanyp,

öz ýoldaşlarynyň dereksiz ýitendigini habar berip, gämini bu jelegaýlardan alyp gitmegiň hyýalyna münen bolarly.

Gözlegçi toparyň kenara tarap ýöräp ugranyny gören dessime men olaryň, hakykatdan hem, gözlegi bes edip, indi yza barýandyklaryna magat düşündim. Bu pikirimi aýdanym-da, gämibaşynyň demligi daralana döndi, ýöne şol mahal olary yzyna gaýtaryp biljek bir pirimjik meniň kelläme geldi. Dogrusy, şol pirim meniň gökdäki dilegimi ýerde gowşur-dy.

Men Anna hem-de gämibaşynyň kömekçisine duralgajykdan aňryk günbatarlygyna — Annany halas eden gezegim ýabanylaryň gelip düşlän oýtagyna gidip, şonuň ýarym mil çemesi beýle ýanyndaky depä çykyp, bogazlaryna sygdygyndan gygyrmaklaryny tabşyrdym. Meniň hasabyma görä, ol ikisi deňizçiler öz seslerini eşidip, jogap berip gygyryp başlansoňlar, göze ilmän yzçylaryň gykylyklaryna jogap berip, ýuwaş-ýuwaşdan adanyň jümmüşine bakan süýşüp, olary tokaýyň çolaja ýerine eltmelidi. Soňra olar meniň salgy beren öwrümli ýollarymdan ýöräp, biziň ýanymyza dolanyp gelmelidi.

Yzçylar ýaňy bir gaýyga münjek bolup durkalar, Anna bilen kömekçiniň gygyrýan sesleri eşidildi. Olar şol wagtyň özünde jogap berip gygyrdylar-da, deňziň ýakasyny syryp, günbatarlygyna — sesiň gelýän tarapyna ylgadylar. Emma olar duralgajyga ýetip sakga durmaly boldular, sebäbi daşgyn başlandygy üçin suw örän beýgelipdi. Yzçylar birsellem saklandylar-da, edil meniň garaşyşym ýaly, suwdan ýüzüp geçmek üçin gaýygy çagyryp gygyrdylar.

Soňra olar duralgajykdan ýüzüp geçdiler-de, gaýygy kenarda ösüp oturan pessejik agajyň töňňesine daňyp goýdular. Onsoň gaýykda oturanlaryňam birini ýanlaryna alyp, tokaýyň içi bilen aňyrlygyna ýöräp gitdiler. Gaýyk bolsa edil aýlaga giren ýaly, duralgajygyň ortarasynda durdy we indi ony diňe iki sany sakçy goraýardy. Bu tüýs isleýşim ýaly bolupdy. Men Annadyr kömekçini öz işleri bilen meşgullanmaga goýdum-da, dessine beýlekileri yzyma tirkäp, herekete geçdim. Biz yzçylaryň gözüne ilmän, assyrynlyk bilen duralgajykdan geçdik we aman-zamanyny bermän, sakçylaryň üstüni basdyk. Olaryň biri kenarýakada ymyzganyp, beýlekisem gaýykda irkilip oturan eken. Kenarda ýatan deňizçi oýaly-ukuly, äm-säm bolup ýaňy bir ýerinden turmakçy boldy welin, iň öňden okdurylyp barýan gämibaşy onuň üstüne özüni oklady-da, gabyrdadyp ýere basdy. Soňra ol gaýykda oturan deňizçä: «Boýun eg, bolmasa, häzir tepbediň okalýa» diýip abyr-zabyr etdi.

Ýoldaşynyň ýer bagyrtlanyny, öz üstüne-de bäş sany pyýadanyň sürnüp gelýändigini gören deňizçini boýun egmäge razy etmek onçakly kyn bolmady. Üstesine-de, ol topalaňa nalaç goşulan üç sany deňizçiniň biri bolup çykdy. Şonuň üçinem ol boýun egmäge ikelläp razylaşdy we tüýs ýüregi bilen biziň hatarymyza goşulmaga isleg bildirdi.

Şol ikarada gämibaşynyň kömekçisi bilen Anna ýerli-ýerden zowladyşyp, o baýyrdan bu baýra, o tokaýdan bu tokaýa siňip baryşlaryna sese kowalaşyp gelýän gözlegçileri halys surnukdyran eken. Soňra Anna ikisi olary tä gün ýaşyp, iňrik garalýança, gaýygyň ýanyna dolanyp bilmejek ýerlerine eltip, şo taýda gygyrmaklaryny bes edip,

yza dolanypdyrlar. Olaryň özem juda ýadan bolarly, biziň ýanymyza zordan süýeklerini süýreşip geldiler.

Indi bize diňe garaňka dulanyp, tä gözlegçiler dolanyp gelýänçä garaşyp ýatybermek galypdy, olar geldigi aman-zamanyny bermän, duýdansyz hüjüme geçmelidik.

Anna dagy gaýdyp geleli bäri telim sagat geçipdi, ýöne daş-töwerek gum-guklukdy. Ahyrsoňy, garakçylaryň hümürdileri eşidilip ugrady. Öňden gelýäniň biri yzdakylara «Tijeniň» diýip hoňňuldaýardy, olar bolsa: «Halys aýagymyz gurap, sütünimiz süýndi-le» diýip zeýrenişýärdiler. Biz muny eşidip, göwnühoşluk bilen ümleşdik.

Az salymdan deňizçiler gaýygyň ýanyna gelip ýetdiler. Gaýtgyn başlap, gaýygyň çägä süsdürilip galandygyny, iki sakçynyň bolsa nirädir bir ýere gürüm-jürüm bolandygyny gören deňizçileriň nähili howsala düşendigini aýdyp-diýip düşündirmek mümkin däldi. Biz olaryň gözlerini elek-çelek edip «Arwah-jynly ada düşüpdiris» diýşip, bir-birlerine erbet-erbet gargynyşyp, uly gowur turzandygyny eşidip durduk. Olar: «Bu adanyň eýeleri kellekeser bolsa, onda barymyzy paýhynlap taşlarlar. Ondanam beteri, eger bu ýerleri arwah-jynlar eýelän bolsa, onda bizi tokaýa süýräp, ýiligimizi sorarlar» diýip, iki ýana zowzuldaýardylar. Gaýyga sakçy goýan ýoldaşlarynyň atlaryny tutup, köp gygyrdylar, ýöne, elbetde, olara jogap gaýtaran bolmady. Biz agşamyň alagaraňkysynda deňizçileriň umytsyzlykdan ýaňa ellerini owkalaşdyryp, bir eýläk-bir beýläk alakjaýşyny synlap, ümsüm garaşyp otyrdyk. Olar käte demleri düşüşip, gaýyga girip birsellem oturýardylar, soňra ýene duralgajygyň kenaryna baryp, köw-söw edýärdiler. Garaz, şol bir hereketler gaýtalanyp durdy.

Meniň adamlarym garaňkydan peýdalanyp, haýal etmän hüjüme geçmäge rugsat sorap özelenýärdiler. Emma men garakçylary başardygymdan diri ele salmak maksady bilen olar mazaly surnugyp, başlary çaşýança garaşmagy müwessa bildim. Üstesine-de, olaryň ok-ýaraglary birkemsiz üpjün bolansoň, öz adamlarymyň janyny howp astyna salasym gelmeýärdi. Men olar ikä bölünmezlermikä diýen tama bilen garaşmagy ýüregime düwdüm. Şeýlelikde, ahmal bolmazdan gaýyga golaýlaşmak üçin, Anna bilen gämibaşa ýer bagyrtlap, garakçylara bildirmän, mümkin boldugyça öňe süýşmeklerini hem-de ot açmaga amatly ýerde jaýlaşmaklaryny buýurdym.

Olar täze ýerlerine baranlaryndan soň kän wagt geçmänkä, bosman bilen iki deňizçi olaryň bukulyp ýatan ýerine tarap ýöräp gaýtdy. Topalaňyň başyny başlan bosman indi hemmeden beter ruhdan düşüp, elini-aýagyny ýitiripdi. Gämibaşy bar belanyň körügi bolan bosmany ele salmak maksady bilen ol gelýäniň şolmy-dälligini biljek bolup, keýer-jekläp ugrady. Sebäbi şu wagta çenli onuň diňe lagyrdysy eşidilýärdi. Ol üçüsi el aýtymyna gelen wagty Anna bilen gämibaşy böküp turdy-da, olara tarap ot açdy.

Bosman duran ýerinde jan berdi, deňizçileriň biri agyr ýaralanyp, onuň gapdalyna gürpüldäp ýykyldy (ol şondan soň birki sagatlap çalajan ýatdy). Beýleki deňizçi bolsa yza bakan ökjäni göterdi.

Men tüpeň sesini eşiden dessime, bar goşunymy herekete girizdim. Biz jemi sekiz adamdan ybaratdyk: ýagny men — generalissimus, Anna — general-leýtenant, gämibaşy, onuň kömekçisi, ýolagçy hem-de biziň ýarag ynanan üç sany ýesirimiz.

Biz hüjüme geçen wagtymyz iňrik mazaly garalypdy, şonuň üçinem duşman biziň näçe adamdygymyzy saýgaryp bilmeýärdi. Men gaýygyň biziň tarapymyza geçen sakçysyna deňizçileriň ýekeme-ýeke adyny tutup gygyrtdym. Men gepleşik geçirmäge synanyşýardym, sebäbi olaryň ylalaşyga geläýmegi ähtimaldy. Biziň çakymyz dogry bolup çykdy, topalaňçylaryň nähili çykgynsyz ýagdaýa düşendigini hasaba alsaň, onda olaryň örän göwünjeňlik bilen boýun egjekdigi onsuzam görnüp durdy. Şeýle bolansoň, meniň deňizçim olaryň biriniň adyny tutup, çasly gygyrdy: «Tom Smit! Eý, Tom Smit!» Tom Smit gygyrýanyň sesini tanan bolarly, ol şobada jogap berdi: «Robinzon, bu senmiň?» Robinzonam bärden: «Hawa, bu men; Hudaýyň haky üçin, Tom Smit, ýaragyňy taşla-da, boýun eg, ýogsam häzir baryňyzyň böwrüňizi garaldýalar» diýip seslendi. «Biz kime boýun egmeli? Hany, olar nirede?» — diýip, Tom Smit täzeden gygyrdy. Robinzon jogap berdi: «Olar bärde. Ynha, biziň gämibaşymyz, ýanynda-da elli adam bar. Olar iki sagatdan bäri siziň yzyňyza düşüp ýörler. Bosman amanadyny tabşyrdy, Will Fraý ýaralandy, menem ýesir düşdüm; eger boýun egmeseňiz, siziňem häzir tepbediňiz okalýa».
Tom Smit: «Eger boýun egsek, olar bize aman berermikä?» diýip sorady. «Boýun egjegiňiz çyn bolsa, men häzir sorap göreýin» diýip, Robinzonam bärden gygyrdy. Ol gämibaşydan sorady, onsoň gämibaşynyň özi topalaňçylara abaý-syýasat bilen hemle urdy: «Eý, Smit, meniň sesim-ä tanansyň-la; häziriň özünde baryňyz tüpeňleriňizi taşlaňda, boýun synyň.Will Atkinsden galanyňyzyň günäsini geçýän».
Onsoň garaňkylykdan Will Atkinsiň naýynjar sesi eşidildi: «Hudaýyň haky üçin, jenap, maňa rehim et; meniň ýazygym näme? Bularyň menden näme parhy bar?» Aslynda, onuň aýdýany ýalandy, sebäbi gämide topalaň başlan pillesi Will Atkins ilkinji bolup gämibaşynyň üstüne topulypdyr, onuň ellerini şatyrdadyp daňypdyr we oňa kemsidiji sözler bilen sögüpdir. Şeýle-de bolsa, gämibaşy oňa: «Gepiňi tüketde, ýaragyňy ýere taşla. Seniň ykbalyňy adanyň häkimi çözer» diýip gygyrdy. Onuň «häkim» diýýäni mendim, beýlekilerem maňa şeýle ýüzlenýärdiler.
Gepiň keltesi, deňizçiler ýaraglaryny ýere okladylar-da, bizden aman dilediler. Şeýlelik bilen, men gepleşik geçiren Robinzon bilen ýene iki adamy iberdim-de, olaryň ählisini daňdyrdym. Onsoň meniň elli adamlyk (aslynda, şol üçüsi bilen jemi sekiz adamdyk) uly toparym duşmanyň gaçybatalgasyny eýeläp, gaýygy ele geçirdi. Diňe men bilen hyzmatkärim ýesirlere görünmän saklandyk.
Biziň şondan soňky işimiz gaýygy abatlamak hem-de gämini nähili ele geçirmelidigi barada pikirlenmek boldy. Indi ýesirler bilen arkaýyn gepleşmäge maý tapan gämibaşy bolsa, olara igenýärdi, baş goşan işleriniň nähili erbet jenaýatdygyny, etsem-petsemleriniň bolgusyzdygyny düşündirýärdi.
Topalaňçylar tüýs ýürekden toba edişip: «Ganymyzy geçiň» diýip ýalbarmaga başladylar. Muny gören gämibaşy täzeden söze başlady: «Sizi men däl-de, adanyň häkimi ýesir aldy. Siz meni adam aýagy sekmedik, janly-jemende ýaşamaýan çolaja kenara zyňandyryn öýdüpdiňiz; Biribaryň özi maňa garaşyk edip, sizi adam ýaşaýan, onda-da iňlis häkiminiň dolandyrýan adasyna gönükdiripdir. Hakyna garasaň, siziň hemmäňizi syrtmakdan sallamaly, ýöne adanyň häkimi size aman berdi. Şonuň üçinem ol baryňyzy Angliýa ugratsa gerek. Goý, şol ýerde siziň etmişiňize adalat

esasynda temmi bersinler. Ýöne Will Atkins bu ýerde galmaly bolar, häkimiň buýrugy bilen ol ertir daň saz berende, dar agajyndan asylar».

Bu zatlaryň barysyny gämibaşynyň özi toslap tapan-da bolsa, ol netijesini berdi. Atkins dyzyna çökdi-de, özüni häkimiň bagyşlamagyny haýyş edip, gämibaşa ýalbarmaga başlady. Beýlekilerem Taňrynyň haky üçin özleriniň Angliýa iberilmezligini sorap, ýerli-ýerden özelendiler.

Birdenkä halas boljak pursadymyzyň gelip ýetendigi güpbe kelläme geldi, dogrudanam, bu deňizçileri gämini basyp almaga yrmak üçin kän zat gerek däldi ahyryn. Onsoň men tokaýyň has garaňky künjegine çekildim-de (men olaryň häkimiň nätüýsli adamdygyny görmeklerini islemeýärdim), sesime bat berip, gämibaşyny öz ýanyma çagyrdym. Meniň hol beýleden gygyrýanymy eşiden deňizçileriň biri gämibaşynyň ýanyna bardy-da: «Gämibaşy, häkim sizi çagyrýar» diýdi. Gämibaşy bolsa mähetdel etmän, gerekli jogaby suňşurdy: «Alyhezrete aýt, men häziriň özünde barýan». Ýesirler muňa biçak haýran galdylar we häkimiň elli esgeri bilen ýakyn bir ýerde durandygyna güp ynandylar.

Gämibaşy ýanyma gelen mahaly, men oňa gämini basyp almak baradaky hyýalymy aýtdym. Ol muňa begenip, iki bolup bilmedi we ertir ir bilen işe girişmegiň pikirine mündi. Emma men bu pikiri mazaly bişirmek hem-de ussatlarça amala aşyrmak maksady bilen tussaglary ikä bölmegi maslahat berdim. Atkins bilen onuň iň näkes iki sany ülpediniň ellerini daňyp, beýlekileriň ýatan gowagyna ugratsak, biçeme boljak däldi. Biz bu işi Anna hem-de gämibaşynyň kömekçisi bilen ýolagça tabşyrdyk.

Anna dagy ol üçüsini idenekledip, edil zyndana salan ýaly, gowaga dykypdyrlar. Dogrudanam, ol gowak demligiňi daraldýan ýerdi, ylaýta-da, olaryň ýagdaýyndaky adamlar üçin. Beýleki ýesirleri bolsa meniň size eýýäm gürrüň beren telärli mülk ýerime ugratdym. Daşyna aýmança aýlanan howly elleri daňylgy ýesirleri saklamak üçin ýeterlik derejede ygtybarlydy. Men, elbetde, bu ýesirleriň akylynyň gözünde boljakdygyny hem unutmaýardym.

Ertesi daň atyp, jahan ýagtylansoň, men gämibaşyny ýesirleriň ýanyna gepleşik geçirmäge iberdim. Gämibaşy olaryň ýüpüniň üstünde odun goýarlygy barmy-ýokmy, olara bil baglap, gämä hüjüm edip boljakmy-bolmajakmy, şony anyklamalydy. Ol ýesirlere, özüni nähili kemsidendiklerini, şonuň üçinem olaryň eýgilik tamasyny etmeli däldigini aýdypdyr. Häkim häzirlikçe olaryň ganyny geçenem bolsa, barybir, gämi Angliýa baran badyna aýaklaryna gandal urlup, dar agajyndan asyljakdygyny düşündiripdir. Ol sözüniň ahyrynda: «Eger biziň hatarymyza goşulyp, gämini ele salmaga kömek etseňiz, onda häkim siziň günäňiziň geçilmegi barada häkimiýetlere towakga eder» diýip, tussaglara ýol salgy beripdir.

Janyndan el üzüp oturan zaluwatlaryň bu teklibi nähili höwes bilen kabul edendigini çak etmek kyn däldi. Olar gämibaşynyň öňünde dyza çöküp, ýerli-ýerden soňky demlerine çenli oňa wepaly bolmaga jan-dilden ähdi-peýman edipdirler. Öz janlary üçin oňa ömürbaky bergidar boljakdyklaryny we onuň bilen dünýäniň ol ujuna-da gitmäge taýýardyklaryny, ony öz kakalary hökmünde görjekdiklerini aýdypdyrlar. «Ýeri, bolýa-da! — diýip, gämibaşy gep oýnadypdyr: — Bu gürrüňleriňizi häkime

bir aýdyp göreýin bakaly. Men ony razy etmek üçin elimden geleni gaýgyrmaryn». Soňra ol meniň ýanyma gelip, tussaglaryň boluşlaryny birin-birin gürrüň berdi we olaryň wepaly boljakdygyna jany-teni bilen ynanýandygyny aýtdy.

Herniçik-de bolsa, göwnejaý bolar ýaly gämibaşa deňizçileriň ýanyna dolanyp barmagy teklip etdim. Ol bäş deňizçini saýlap alyp, olara özleriniň adama mätäç däldigini, şonuň üçinem ol bäşisini özüne kömekçi edip alýandygyny aýtmalydy. Ol beýleki iki deňizçini hem-de gowakda oturan üç sany tussagy bolsa, häkimiň zamun hökmünde saklamagy ýüregine düwendigini, bardy-geldi, bu bäş deňizçi lebzinden dänäýse, onda ýaňky zamunlary kenarda göz edip asmakçy bolýandygyny hem mälim etmelidi.

Bu ýowuz çözgüt olary häkimiň garaçynydygyna ynandyrypdyr. Ýogsa-da olaryň kabul etmän, gitjek ýeri nire diýsene! Şondan soň saýlanan bäş deňizçiniň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin gämibaşy hem-de bäş zamun, baý, elewrediler-ä!

Şeýlelikde, indi biziň sanymyz ýörişe çykmaga ýeterlik bolupdy: 1) gämibaşy, onuň kömekçisi we ýolagçy; 2) birinji tapgyrda ele düşen iki ýesir; gämibaşy kepil geçensoň, men olary azat edip, ellerine ok-ýarag beripdim; 3) telärli howlymda daňdyryp goýan iki ýesirim; olary hem gämibaşynyň ara düşmegi bilen boşadypdym; 4) iň soňky boşadylan bäş ýesir. Şonluk bilen, olaryň jemi on iki bolupdy, gowakda-da bäşisi zamunlykda otyrdy.

Men gämibaşa: «Siz şunça deňizçi bilen gämini zabt edip almaga töwekgelçilik edip bilersiňizmi?» diýip ýüzlendim. Özüm bilen hyzmatkärim Anna barada aýtsam, biziň adadan aýak üzmegimiz ýerlikli boljak däldi, sebäbi biziň elimizde ýedi sany adam bardy. Olaryň hersini bir ýerräkde saklamalydy, azyk-suwlugyny berip durmalydy.

Men gowakdaky bäş ýesiri berk gözegçilikde saklamagy ýüregime düwdüm. Anna günde iki gezek baryp, olaryň azyk-suwluklaryny eltip berdi. Beýleki iki tussag bolsa azyk-suwluklary belli bir aralyga getirýärdi we Anna olary alýardy.

Men ol iki zamuna görnen mahalym gämibaşy olara: «Bu adama häkim size seretmegi tabşyrdy. Ondan birugsat ýeke ýere ädim ädiji bolaýmaň. Eger aýdylany bilen bolmasaňyz, aýagyňyza gandal urup, gala taşlarys» diýip çynaberimsiz gürledi. Şeýlelikde, men häkimsirän bolmak derdinden gutulyp, başga bir adama öwrüldim oturyberdim. Onsoň maý tapdygymdan häkim, berkitme, gala we şoňa meňzeş zatlar barada gep owadanlamaga giriş-dim.

Ähli kynçylyklar biryaňalyk bolansoň, gämibaşy barkasyň düýbüni ýamadyp, beýleki gaýygy hem taýýarlatdy we olaryň hersine bir topar belledi. Ol öz ýany bilen gelen ýolagçyny dört adamlyk kiçi topara baştutan edip belledi-de, olara gaýygy berdi, özi bolsa kömekçisi bilen bilelikde bäş adamlyk topar bilen barkasa mündi. Olar ýüzüşi örän ezberlik bilen amala aşyrypdyrlar we ýarygije uçurlary gäminiň alkymyna baryp ýetipdirler. Gäminiň sesýeter aralygyna ýeten batlaryna gämibaşynyň buýrugy boýunça Robinzon gämidäkilere gygyryp, adada ýiten ýoldaşlaryny we barkasy alyp gelýändiklerini aýdypdyr. Ol «Bulary tokaýdan gözläp tapýançak, gaty köp aýlanmaly bolduk» diýip, ýene bir topar gep-gürrüňleri toslaşdyryp, garaz, barkas gäminiň böwrüne ýetýänçä, sakçylary güýmäpdir. Onsoň elleri ýaragly gä-mibaşy bilen kömekçisi ilkinji bolup, paluba münüpdirler we ikinji kömekçidir gämi

ussasyny muşketiň gundagy bilen seňseledip, göz açyp-ýumasy salymda ýere ýazypdyrlar. Biziňkileriň gaýduwsyz durmagy bilen gämibaşy ýokarda gezip ýören topalaňçylary ele salypdyr. Soňra bolsa gäminiň ammaryndakylar daşyna çykmaz ýaly, hasyr-husur palubanyň gapaklaryny pugta temmeledipdir. Oňa çenli beýleki gaýykdaky ikinji topar zynjyrlardan dyrmaşyp, derrew gäminiň burun tarapyny basyp alypdyrlar we gäminiň aşhanasyna eltýän girelgäni eýeläp, üç sany deňizçini tussag edipdirler.

Hüjüm şowly gutaryp, paluba sag-aman ele salnansoň, gämibaşy öz kömekçisine ýanyna üç adam alyp, topalaňçylaryň bellän täze baştutanynyň ýatan kaýutasynyň gapysyny döwmegi buýrupdyr. Täze gämibaşy howsalaly gykylyklary eşiden dessine iki sany deňizçi bilen ýaş ýungasyny çagyryp, tüpeňdir sapançalaryny taýýarlap, goranyşa taýýarlanyp duran eken. Gämibaşynyň kömekçisi öz adamlary bilen gapyny döwen wagty, täze baştutan bilen onuň adamlary ot açypdyrlar. Kömekçiniň çignine muşketiň oky degip döwüpdir, iki sany deňizçi bolsa ýaralanypdyr, emma ölen adam bolmandyr.

Gämibaşynyň kömekçisi kömege çagyryp gygyrypdyr-da, ýaralanandygyna seretmezden, kaýutanyň içine kürsäp giripdir we sapançasy bilen täze gämibaşynyň kellesinden çüýläpdir. Gülle agzyndan girip, gulagynyň arka tarapyndan çykan baştutansumak jyňkyny çykaryp ýetişmän, gürpüldäp gaýdypdyr. Muny gören beýleki üçüsi ellerini galdyryp, boýun egipdiler we şeýlelik bilen, ondan artyk gan dökülmezden gämi ele salnypdyr.

Gäminiň doly eýelenerine mähetdel, gämibaşy ýedi gezek top atmaga buýruk beripdir. Ol atyşlar gämibaşy ikimiziň bar zadyň şowly bolandygyny buşlamak barada şertleşen duýduryşymyzdy. Men gije sagat ikä çenli kenarýakadan gözümi aýyrman, howlymda garaşyp oturypdym. Şonuň üçinem top seslerini eşiden mahalym nähili şatlanandygym göz öňüňize gelýändir.

Men buşlugy aýyl-saýyl eşidenimden soň arkan süýndüm we örän hysyrdyly geçen günüň argynlygy bilen süýji uka gitdim. Aradan näçe wagt geçenini bilemok, ýöne daň atanda men topuň gümmürdisine tisginip oýandym-da, ör turdum. Kimdir biri maňa: «Häkim! Häkim!» diýip gygyrdy. Men gämibaşynyň sesini şobada tanadym. Ol howlymyň gapdalyndaky baýryň üstünde durdy. Men onuň ýanyna dyrmaşyp baran wagtym ol gämä bakan elini uzatdy-da, meni garsa gujaklap: «Gadyrdan dostum, halasgärim! Hanha, gämi, ol indi siziňki. Bizem, gämidäki ähli goş-golamlaram siziňki» diýip, tolgunyp gürledi. Men gämä tarap seretdim, ol, hakykatdan-da, kenardan ýarym mil töweregi aradaşlykda endigan yranjyrap durdy. Gämini doly eýelän batlaryna gämibaşy labyry galdyrdypdyr-da, ugurdaş ýelden peýdalanyp, gämini edil duralgajygyň ummana girýän ýerine getirip goýupdyr. Daşgyn wagty bolansoň, gämibaşy özüniň ýörite gaýyjagyny meniň ilkinji gezek sal getiren ýerime çenli ýüzdürip gelipdir-de, edil howlymyň duşunda düşüpdir.

Men begenjimden ýaňa tas özümi lampa ýere goýberipdim. Şunça görgülerden soňra meni halas etjek gämi, ynha, gözümiň alnynda leňňer atyp durdy. Onda-da ullakan gämi — ol meni göwün islän ýerime äkitmäge taýýardy. Hemme zat gülala-güllük. Men duýdansyz dörän şatlykdan ýaňa (lakytak bolup,) gämibaşa ýeke agyz sözem

aýdyp bilmedim. Hernä onuň meni tutup saklany gowy bolupdy, ýogsam duran ýerimden gürpüldäp ýere gaýdarly görünýärdim.
Biçak tolgunýandygyma göz ýetiren gämibaşy jübüsinden bir çüýşejik çykardy-da, az-owlak içgi hödürledi. Ol ony ýörite maňa niýetläp alan eken. Men içgiden azajyk owurtladym-da, ýere çökdüm. Az-kem aýňalanda bolsam, doly özüme gelip dil ýarýançam, aradan esli wagt geçdi.
Meniňki ýaly şatlygy başdan geçirmese-de, gämibaşy görgüliniň özi hem begenjinden ýaňa näme edip-näme goýýandygyny bilmeýärdi. Ol maňa müň dürli mähirli, mylaýym sözleri aýdyşdyrýardy, meni özüme getirmek üçin daşymda hozanak bolýardy. Meniň bolsa şatlykly joşgunym hut kükregimi ýaryp gelýärdi, göwün guşum al-asmanda pel-pelleýärdi. Gözümden begenç gözýaşlary paýyrdap gaýdýardy. Birsellem şeýdip oturanymdan soň, men ahyry gürlemäge rowgat tapdym. Soňra men ýerimden turup, öz halasgärim hökmünde gämibaşyny gujakladym: «Gadyrdan, meni halas etmek üçin sizi Hudaýyň özi iberipdir. Bu bolup geçen ahwalatlaryň barysy duranja bir gudrat. Şu zatlaryň özi Biribaryň tutuş älem-jahana höküm edýändiginiň hem-de dünýäniň iň bir çet künjegindäki mysapyr bendelerini hem görüp, islendik wagt olaryň dadyna ýetişýändiginiň äşgär alamaty ahyryn» diýip, oňa ýüregimi açdym.
Men päk ýürekden Hudaýa şükür edip, alkyş okamagy hem ýatdan çykarmadym. Meni şeýle ajaýyp gudrat bilen iňläp ýatan düňle çölden halas edip, ýeke-ýalňyz durmuşdan gutaran Perwerdigäre näçe şükür etsem-de, az boljagy bellidi. Bendesiniň göwnüni açýan ähli ýagşylyklar, elbetde, Ondan gelýärdi ahbetin.
Biz birsellem gürleşip oturdyk. Şol wagt gämibaşy maňa delje ýürekselik bolar ýaly, gämide galan azyk-owkatlardan alyp gelendigini aýtdy. Şunça wagt geçen-de bolsa, topalaňçylar heniz ähli azyk-suwlugy ýele sowrup ýetişmän eken. Soňra gämibaşy gaýykda oturan deňizçilere gygyrdy-da, häkim üçin niýetlenen goş-golamlary kenara daşamagy buýurdy. Ol goş-golamlar şeýlebir kändi welin, men özümi, hamana diýersiň, täze dostlarym bilen gitmän ýene şu adada ýaşamaly ýaly duýdum.
Ýükleriň arasyndan, ilki bilen, bir çelek ajaýyp içgi hem-de alty sany ullakan çüýşede madera çakyry çykdy (olaryň her biriniň göwrümi iki kwarta barabardy). Bulardan başga-da, iki funt päkize temmäki, on iki tokga sygyr eti, alty bölek ýekegapan eti, bir halta nohut bilen ýüz funt çemesi külçe hem bar eken. Gämibaşy hersi bir çelek şeker bilen un diýermiň, tümmek bir halta limon bilen iki çüýşe laým şerbeti diýermiň, garaz, eçilip bilipdir. Bu getirilen iýer-içerleriň daşyndan, gämibaşy maňa boýna atylýan nepis alty ýaglyk, iki jübüt ellik, bir jübüt köwüş, şlýapa we bir jübüt jorap sowgat etdi. Bularyň üstüne özüniň az-kem geýlen iňňeden çykma penjegini hem peşgeş berdi. Gepiň gysgasy, gämibaşy meni başdan-aýak birlaý geýindirdi.
Üpül-süpül bolup ýören men görgülä bu serpaýlaryň nähili hoş ýakandygyny göz öňüne bir getirip görüň. Emma bu egin-eşikleri geýmek meni birbada şeýlebir oňaýsyzlyga salyp gysyp-gowurdy welin, ylla diýersiň, dünýäde şolardan tagaşyksyz zat ýok ýaly göründi.
Maňa ýükleri bir ujundan görkezip çykansoňlar, deňizçiler olaryň barysyny meniň howlyma alyp gaýtdylar. Soňra biz ýesirleri näme etmelidigini maslahatlaşmaga

başladyk. Olary, ylaýta-da ýakasyny tanadan, sana salyp bolmajak iki deýýusy öz aramyza goşmalymy-goşmaly dälmi diýen mesele örän wajypdy. Gämibaşy ol haramzadalaryň zatdan gaýtmajakdygyny, şonuň üçinem, bardy-geldi olary äkitmäge razy bolaýanda hem tussag hökmünde ellerine-aýaklaryna gandal urup, ilkinji duş geljek iňlis mülküne eltip, adalatly kazyýetiň eline berjekdigini çürt-kesik mälim etdi. Emma, dogrusyny aýtsam, onuň özem biraz iňkisliräk görünýärdi.

Onsoň men gämibaşa, eger islese, gürrüňini edýän şol iki deňizçisini öz islegleri bilen şu adada galar ýaly edip biljekdigimi ýaňzytdym. «Wah, oňa ýetesi zat barmy? — diýip, gämibaşynyň ýüzi açylyp gitdi. — Men ikelläp razy».

Men: «Örän oňat! — diýip, sözümi dowam etdirdim. — Men häzir olary getirdip, siziň üçin gürleşip bereýin». Soňra men Anna bilen iki zamuny gowaga ugratdym (ýoldaşlary sözünde duransoň, indi olary boşadypdym). Hawa, men olary gowaga iberdim we ol ýerdäki elleri daňylgy bäş ýesiri telärli howlyma eltip, men barýançam garaşmaklaryny tabşyrdym.

Men birnäçe wagt güýmeň-süýmeň etdim-de, täze egin-eşiklerimi geýnip, jülgä tarap ýola düşdüm. Indi men, hakykatdan-da, häkim hökmünde barýardym. Hemmämiz teläriň aşagynda jemlenenimizden soň, gämibaşyny ýanymda oturdyp, tussaglary getirmegi buýurdym. Gelensoňlar, men ol netikazalara öz eden pyssy-pyjurlyklary hakynda gämibaşynyň jikme-jik gürrüň berendigini, topalaň turzup gämini alyp gaçandyklaryny hem-de garakçylyga ýüz urmaga hyýal edendiklerini ýeke-ýeke sanap berdim. Hudaýyň bu peläketleri öz guran duzaklaryna düşürip, il üçin gazan çukurlaryna özlerini gapgarandygyny teýeneläp düşündirdim.

Men olara gäminiň öz buýrugym bilen basylyp alnandygyny habar berdim-de: «Ol indi öz hak eýesine gowuşdy, täze baştutanyňyz bolsa öz eden jenaýaty üçin almytyny alar. Bahym onuň hallanlap duran jesedini öz gözüňiz bilen görersiňiz. Indi siz barada gürleşeliň. Sizi jenaýatyň üstünde tutulan garakçylar hökmünde asmakdan meni kim saklap biler? Ygyp ýören deňiz garakçylaryny dar agajynda hallanlatmaga meniň ygtyýarymyň bardygyny, elbetde, siz bilýän bolmaly!» diýip sözümi soňladym.

Olaryň biri beýlekileriniň adyndan jogap berip, gürlemäge ýüzleriniň ýokdugyny, ýöne ýesir alnan wagtlary gämibaşynyň ganlaryny ötmäge söz berendigini aýtdy we pespällik bilen özlerine meniň rehim etmegimi sorady. Şonda men oňa sowal bilen ýüzlendim: «Size neneň rehim edäýerkäm? Dogrymy aýtsam, meniň öz adamlarymy alyp, bu adany taşlap gitmek hyýalym bar. Gämibaşy bolsa eýýäm bizi Angliýa alyp gitmäge taýýarlanyp ýör. Elbetde, ol sizi hem Angliýa äkitmekçi bolýar, ýöne eliňizi-aýagyňyzy zynjyrlap. Siz topalaň turzup, gämini alyp gaçandygyňyz üçin adalatly kazyýetiň öňünde kelläňizi ýalaňaçlap jogap berersiňiz. Onsoň size diňe syrtmagyň garaşýandygyny hem bilip goýuň. Haýsysyny halajagyňyzy bilemok, ýöne, belkem, siz öz bagtyňyzy şu adada synap görersiňiz. Men indi bu jelegaýda uzak eglenmerin. Eger özüňiz isleseňiz, «adada günümizi göreris» diýseňiz, onda ganyňyzy geçip, sizi şu ýerde galdyrmak hyýalym hem ýok däl».

Olar meniň teklibime monça bolup, alkyş baryny okadylar we Angliýa baryp, dara çekilenlerinden, şu çolaja adada gün görenleriniň ibaly boljakdygyny tekrarladylar. Men şeýdip, bu meseläni çözdüm etdim.
Gä-mibaşy ör-gökden gelen kişi bolup, olary bu ýerde goýup gitmek niýetiniň ýokdugyny aýtdy. Menem gözümi alardan bolup, onuň al-petinden aldym: «Jenap gämibaşy, bular siziň däl-de, meniň ýesirlerim. Rast, men bulara söz berdimmi, diýmek, men öz sözümde-de duraryn. Eger maňa nägileçiligiňiz bar bolsa, onda bulary häziriň özünde erkinlige goýberjek. Onsoň, başarsaňyz, özüňiz kowalaňda, tutuberiň».
Bu gürrüňi diňläp duran tussaglar maňa ýene-de alkyş baryny ýagdyrdylar. Aýdyşym ýaly, men olary erkinlige goýberdim we gizlin gowagyň ýanyndaky tokaýlyga ugratdym. Ýola düşmänkäler, men olara: «Men size ýeterlik tüpeňdir ok-däri goýduraryn. Eger kanagat edip, arkaýyn ýaşaryn diýseňiz, onda size näme-näme etmelidigini hem öwrederin» diýip, az-kem gop berdim. Şondan soň men öý goşlarymy gözden geçirip, gämä äkidilmeli zatlary tükellemäge başladym. Gämibaşa bolsa, bu gijäni howlymda goş düwüp geçirjekdigimi aýdyp, onuň özüniň gämä gitmegini haýyş etdim. «Gämini birkemsiz tertip-düzgüne salyp, ertir ir bilen maňa bir gaýyk ugratsaňyz, minnetdar bolaryn. Ondan başga-da, adada galjak deňizçilere göz bolar ýaly, gämä baran dessiňize, şol bihepbe baştutansumagyň jesedini ýokardan asdyrmagy ýatdan çykarmaweriň» diýip pugta sargyt etdim.
Gämibaşy gidensoň, men hälki bäş deňizçini howlyma çagyrtdym-da, olaryň ýagdaýy barada çynlakaý gürrüň etdim. Men olara dogry ýoly saýlap alandyklaryny, sebäbi gämibaşy olary alyp gidäýse, onda dardan asyljaklarynyň ikuçsuzdygyny gowy düşündirdim. Men olara gäminiň ýokarsyndan asylgy duran baştutansumagyň jesedini hem görkezdim we özlerine-de şonuňkydan gowy ykbalyň garaşmaýandygyny aýtdym.
Olar bu ýerde galmaga göwünjeňdiklerini ýene bir gaýtalansoň, men özümiň adadaky başdan geçiren wakalarymy gürrüň berip, bu ýerde ýaşamagyň usullaryny öwretmekçi bolýandygymy aýtdym. Şeýlelik bilen, men olara bu ada gelip düşüşimden başlap, bar zady jikme-jik gürrüň berdim. Öz guran berkitmeli howlymy görkezdim, nan bişirşimi, däne ekişimi, kişmiş serşimi düşündirdim. Başga-da, olaryň kösenmezligi üçin gerek bolan zatlary öwredişdirip çykdym. Soňra men olara on ýedi sany ispan hakynda hem gürrüň berdim we olara gowşurar ýaly hat ýazdym. Olar gelen wagty deň-derejeli gatnaşyp, goşulyşmaga kasam etdirdim (ýeri gelende aýtsam, syýany gämibaşy getiripdi. Dogrusy, men has kyn işleriň hem hötdesinden gelende bolsam, agaç-kömür bilen suwy garyp, syýa ýasamagyň kelläme gelmeýşine ol örän haýran galypdy).
Men adada galjak deňizçilere öz ýaraglarymy, ýagny bäş sany muşketimi, üç sany aw tüpeňimi we üç sany gamamy goýdum. Mende bir ýarym çelek däri galypdy, sebäbi başky birki ýyldan soň ony juda aýawly ulanypdym. Onam bulara berdim. Olara geçileri saklamagyň, süýdüni sagyp mesgedir peýnir ýasamagyň tärlerini öwredişdirdim. Gepiň keltesi, men olara bütin başdangeçirmelerimi aýdyp berdim we gämibaşydan towakga edip, ýene iki çelek däri bilen gök-bakja ekinleriniň

çigitlerinden goýdurmaga söz berdim. «Bu zatlarym bolan bolsady, özüm-ä juda begenerdim» diýdim. Bulardan başga-da, men adanyň täze ýaşaýjylaryna gämibaşynyň maňa getiren bir halta nohudyny tabşyrdym we ony ekip köpeltmeklerini maslahat berdim.

## XIX bap

Men bu zatlary düşündirenimden soň, ertesi gün goş-golamymy alyp, gämä mündüm. Biz wagt ýitirmän, ýüzüşe taýýarlanyp ugradyk, ýöne ol gije labyry galdyryp bilmedik. Ertesi Gün dogup, jahan ýagtylanda, ada taşlanan deňizçileriň iki sanysy gäminiň ýanyna ýüzüp geldiler-de, beýleki üçüsinden nalamaga başladylar. Gämibaşydan, Hudaýýň haky üçin, özlerini galdyryp gitmezligini haýyş edip, bu ýerde galaýsalar, bahym öldüriljekdiklerini aýtdylar. Olar: «Assaňyzam, özüňiz asyň, ýöne bizi gämä mündüriň» diýip özelendiler.

Gämibaşy böwrüne diň salan bolup durdy-da, menden rugsat almaly boljakdygyny aýtdy. Biz olary birsalym kösäp, ahyrsoňunda, düzeljekdikleri barada ant içirip, gämä mündürdik. Gämibaşy mazaly saýgyladyp, eýini ýetirdensoň, olar has akýürekli, ümsüm deňizçä öwrüldiler.

Şondan kän wagt geçmänkä, daşgyn başlady. Gämibaşy-da galjaklara wada berlen ýükleri gaýyga ýükledip, kenara ugratdy. Meniň haýyşym bilen, ýükleriň arasynda egin-eşikli sandyklar hem goýlupdy. Deňizçiler muňa örän hoşal boldular. Men olary ýatdan çykarman, eger mümkinçilik tapsam, olary alyp geçer ýaly gämi iberjekdigimi aýdyp, ol biçärelere göwünlik hem berdim.

Adadan gaýdan mahalym, men ýadygärlik hökmünde, geçi derisinden tiken ullakan başgabymy, saýawanymy hem-de totuguşlarymyň birini ýanym bilen aldym. Elbetde, öň gürrüňini eden pullarymy hem ýatdan çykarmadym. Zerurlygy bolmansoň, olar şeýlebir köp ýatypdy welin, garalyp, poslap giden eken. Olaryň kümüşdigini bilmek üçin, birneme arassalap, sürteşdirmeli bolýardy. Men gark bolan ispan gämisinden tapan pullarymy hem aldym.

Şeýlelikde, gämide ýöredilýän senenama boýunça, ada gelip düşenimden tegelek ýigrimi sekiz ýyl iki aý on dokuz gün geçensoň, men 1686-njy ýylyň 19-njy dekabr güni adany taşlap, ýola düşdüm. Meniň ikinji ýesirlikden halas bolan şol günüm mawrlaryň Sale şäherinden barkasly gaçyp gaýdan günüm bilen şol bir ýylöwrüme gabat gelipdi.

Men uzaga çeken ýüzüşden soň, 1687-nji ýylyň 11-nji iýun güni, otuz bäş ýyl jyda düşen mähriban ýurduma — Angliýa baryp ýetdim.

Angliýa baran wagtym, hamana diýersiň, men bu ýerde asla ýaşamadyk ýaly, hemmeler maňa keseki gözi bilen garaýardy. Meniň öz pullarymy ynanyp gaýdan howandarym — ygtybarly penakärim aýatda diri eken, ýöne ol kän külpetleri başdan geçiripdir. Ikinji gezek dul galyp, hor-homsulygyň, garyplygyň holtumyna düşüpdir. Men ony köşeşdirip, özüne goýup giden pullarymy yzyna soramajakdygymy, gaýta, öňki eden ýagşylyklaryna we wepalylygyna minnetdarlyk hökmünde, elimde

baryndan ýene kömek etjekdigimi aýtdym. Aýdyşym ýaly, hal-ýagdaýym gowulaşan mahaly, men ony gözden salmadym. Bu barada ýeri gelende gürrüň bererin.

Soňra men Ýorkşire gitdim. Kakam bilen ejem pahyr birçak dünýeden öten eken. Maşgalamyz tas ýiteňkirläpdir. Diňe iki uýam hem-de agamyň iki çagasy galypdyr. Birmahal ölüp gidendirin öýdüp, maňa miras hem goýulmandyr. Garaz, gepiň keltesi, maňa ne-hä bir pul, ne-de bir hemaýat berer ýaly adam galypdyr. Ýaňadan öý-hojalyk gurnamak üçin mendäki ujypsyzja pul ýeterlik däldi.

Şol günleriň birinde garaşylmadyk ýerden meniň bagtym çüwdi oturyberdi. Şowlulygyň ýaran bolmagy bilen halas eden gämimiň gämibaşysy meniň gämini, içindäki ýükleri hem-de deňizçileri nähili halas edendigimi gäminiň eýelerine öwüp-öwüp gürrüň beripdir. Olar meni hem-de ýükleriň eýesi bolan täjirleri çagyrdylar-da, barysy bileleşip, bitiren hyzmatym üçin maňa taňryýalkasyn aýdyşyp, iki ýüz funt sterling puly sowgat berdiler.

Men gün-güzeran hakynda ençe wagt kelle döwenimden soň, öý-hojalyk edinmek üçin onçakly baýlygymyň ýokdugyna göz ýetirdim we Lissabon şäherine gidip, Braziliýadaky mülkümden hem-de portugal goňşymdan habar tutmagy ýüregime düwdüm. Onuň indi uzak ýyllardan bäri meni ölendirin öýdüp ýörendigi gümansyzdy.

Şol hyýal bilen men Lissabona barýan bir gämä mündüm we aprel aýynda ol ýere baryp düşdüm. Bütin şu ýüzüşleriň dowamynda hyzmatkärim Anna maňa akýürekden ýoldaş boldy we özüniň örän wepaly hyzmatkärdigini görkezdi.

Lissabonda işim şowuna düşdi, soraşdyryp-ideşdirip, Afrikanyň kenarynda meni halas edip, gämisine mündüren portugal gämibaşyny tapdym. Ol garrap, deňizçilik kärini taşlapdyr-da, gämisini indi ýigit çykan ogluna ynanypdyr. Onuň ogly şindi Braziliýa bilen söwda-satyk işlerini dowam etdirýän eken. Ýaşuly meni tanamady, aslynda, meniň özümem ony birbada tanamajak boldum. Ýöne bahym ol meniň hakydama geldi, onsoň men garry gämibaşa özümiň kimdigimi aýdanymda, ol hem meni tanady.

Biz gara-gadyr bolup, birsalym könäni ýatlaşanymyzdan soň, okyjynyň çaklaýşy ýaly, men ondan öz ekinzarlygym we şärikdeş dostum barada soradym. Goja gämibaşy indi dokuz ýyla golaý wagt bäri Braziliýa gidip görmändigini, o taýdan gaýdan mahaly dostumyň diri gezip ýörendigini, ýöne welin öz mülkümi we hojalyk işlerimi ynanyp gaýdan wekillerimiň ikisiniňem aradan çykandygyny gürrüň berdi. Emma ol meniň mülkümiň girdejisi barada has jikme-jik maglumat tapsa boljakdygyna ynanýardy. Sebäbi meniň gark bolandygym barada myş-myşlar ýaýransoň, wekiller mülküň meniň paýyma düşýän böleginiň girdejileri barada şäheriň maliýe prokuroryna hasabat beripdirler. Prokuror men hiç hili gara bermedik ýagdaýymda baýlygymyň üçden birini korolyň gaznasyna, galan üçden iki bölegini bolsa, garyp-gasarlara sadaka bermeli hem-de ýerli taýpalary katolik ynanjyna girizmäge niýetläp, Keramatly Awgustin kilisesine bagyşlamaly edip, wagtlaýynça döwletiň haýryna geçiripdir. Prokuror eger men yzyma dolanyp gelsem ýa-da meniň haýsydyr bir mirasdüşerim talap etse, onda şol puluň haýyr-sahawat işleri üçin peýdalanylan ýyllyk girdejilerimden galanyny yzyna gaýtaryp bermegi karar edipdir.

Gämibaşynyň aýdyşyna görä, korolyň gaznaçysy bilen kilisäniň serenjamçysy mülküň her ýylky girdejisi baradaky hasabaty meniň şärigimden talap edip, maňa düşýän paýy birsydyrgyn alyp durupdyrlar.

Men gämibaşydan mülküň girdejisiniň näçeräk köpelendigi, ugruna çykanyma degjegini-degmejegini hem-de ol ýere baraýsam, öz paýymy yzyna almak hukugyma päsgelçilik bardygyny-ýokdugyny soraşdyrdym.

Gämibaşy mülkümiň näçeräk ösendigi barada anyk zat aýtmagyň kyndygyny, ýöne meniň şärigimiň öz paýyndan tütjar baý bolandygyny düşündirdi. Onuň ýadyna düşüşiçe, meniň paýymyň gazna berilmeli üçden bir böleginiň (ähtimal, ol haýsydyr bir kilisä ýa-da dini gurama geçirilýär) özi ýylda iki ýüz moýdordan geçýän eken. Gämibaşy şol pullary yzyna dolap almakda kän bir kynçylyk çekmejegimi, sebäbi meniň şärigimiň heniz diridigini we şaýat bolup çykyş etjekdigini, üstesine-de, meniň adymyň raýatlary hasaba alyş ýazgysynda durandygyny tekrarlady. Ol, mundan başga-da, meniň aradan çykan wekillerimiň mirasdüşerleriniň örän akýürekli, sahawatly we baý adamlardygyny, pulumy yzyna almagyma olaryň ullakan kömek etjekdigine ynanýandygyny hem aýtdy. Olarda meniň adyma üýşüp giden ep-eslije puluň bolmagy hem ähtimaldy. Sebäbi gämibaşy aýtmyşlaýyn, meniň dereksiz ýitenime on iki ýyl dolýança, mülki ýöreden wekillerim şol döwrüň dowamyndaky ähli girdejileri öz ellerinde jemläp goýan bolmalydy.

Men bu gürrüňe biraz aladalanyp, ynjalykdan gaçdym. Soňra öz wekillerime wesýetnama goýup, portugal gämibaşyny ýeke-täk mirasdüşer edip yglan edendigimi agzadym-da, wekillerimiň näme üçin meniň wesýetimi bozandygyny soradym.

Gämibaşy: «Onyň dogry-la! — diýip söze başlady. — Ýö-ne seniň ölendigiňe gutarnykly delil bolmansoň, wesýetiň boýunça hereket edip bilmedim. Mende seniň ölendigiňi görkezýän anyk subutnama ýokdy ahyryn. Onsoňam ekerançylykdan kän bir başym çykmansoň, mülkli işe goşulyşasymam gelmedi. Emma şonda-da men seniň goýan wesýetnamaňy bellige aldyrdym we özümiň hak islegimi beýan etdim. Eger şonda seniň ölüdigiň-diridigiň barada subutnama bolan bolsady, onda men seniň adyňdan işe girişip, şeker zawodyny öz eýeçiligime geçirip bilerdim. Onsoň men ony Braziliýadaky ogluma tabşyryp, arkaýyn dolandyryp bilerdim. Ýöne men saňa ýene bir zady aýtmaly, elbetde, onuň saňa öňki täzeliklerden has ýokuşrak degmegi mümkin. Tutuş il-gün ýaly, seniň dereksiz ýitip gidendigiňe ynanan şärikdeşiň we wekilleriň ilkinji alty ýa-da sekiz ýylyň girdejisini seniň adyňdan maňa hödürlediler, menem aldym. Emma şol döwürler hojalygy ulaltmak, şeker zawodyny gurmak we gul-gyrnak satyn almak ýaly örän gymmat düşjek aladalar bardygy sebäpli, mülk ilkibaşda onçakly köp düşewünt bermeýärdi. Şonda-da men saňa näçe pul alandygymy we şol pullary nämä sowandygym hakda jikme-jik hasabat berjek».

Aradan birnäçe gün geçensoň, köne dostum bilen gürrüňleşip otyrkak, ol mülkümiň alty ýyllyk girdejisiniň şärigim hem-de iki wekilim tarapyndan gol goýlan hasabatyny maňa uzatdy. Hasabaty elmydama haryt görnüşinde ýöredipdirler, ýagny onda temmäki desseleri, şeker guýlan sandyklar, şeýle hem, şekerden öndürilen rom, gara toşap we şoňa meňzeş önümler görkezilipdir. Hasabatdan görnüşi ýaly, girdeji ýylsaýyn köpelipdir, ýöne çykdajylar köp bolansoň, ilki-ilkiler kän bir pul

süýşmändir. Şeýle-de bolsa, gämibaşy maňa dört ýüz ýetmiş altyn moýdor bergisiniň bardygyny görkezdi. Meniň Braziliýadan syýahata çykanymyň on birinji ýylynda, gämibaşy Lissabon şäherine dolanyp gelýärkä, gämisi heläkçilige uçrapdyr. Şonda gämide maňa degişli altmyş sandyk şeker bilen on bäş jübüt desse temmäki hem bar eken.

Soňra akýürekli dostum başyna düşen külpetlerden nalamaga başlady we öz ýitgileriniň öwezini dolup, täze gämi satyn almak üçin meniň puluma el urmaly bolandygyny gürrüň berdi. «Ýöne, gadyrdan dostum, — diýip, goja gämibaşy sözüni dowam etdi. — Sen zada mätäç bolmarsyň; ynha, bahym oglum dolanyp gelensoň, ählije puluňy gaýtaryp bererin». Ol sözüne dyngy berdi-de, sary giden pully haltajygy çykardy we maňa bir ýüz altmyş altyn portugal moýdoryny sanap berdi. Berginiň galan bölegine girew hökmünde bolsa, oglunyň Braziliýa münüp giden gämisiniň eýeçilik hukugyny görkezýän hat-peteklerini elime tutdurdy. Gämibaşa gäminiň dörtden biri, ogluna-da ýene dörtden biri degişli eken.

Men ol biçäräniň dogruçyllygyna we akgöwünliligine tolgunyp, dilime badak atylan ýaly boldum. Onuň maňa eden ýagşylyklary, deňizde halas edişi, jomartlygy, ylaýta-da maňa hakyky dostlugyny görkezişi ýadyma düşende, onuň şol sözlerine bozulyp, zordan saklandym. Şonuň üçinem: «Munça puly birbada bermäge gurbuň çatarmy, soňra kösenmersiň-dä, hernä?» diýip, köne dostuma ýüzlendim. Ol azda-kände kösenmeginiň ähtimaldygyny ýaňzytdy. Ýöne, näme, etjek alajym ýokdy — pul meniňkidi we onuň özüme has zerur bolmagy mümkindi.

Ýaşulynyň her bir aýdan mährem sözlerine damagym dolup, dyňzap gelýän gözýaşlaryma zordan erk edýärdim. Gepiň tümmegi, men hälki puluň ýüz moýdoryny aldym-da, ýelekgalam bilen syýa sorap, puly alandygym barada dilhaty ýazdym. Soňra galan puly gämibaşynyň öňüne süýşürdim-de, eger mülkümi yzyna alyp bilsem, onda şol ýüz moýdory hem yzyna tölejekdigimi aýtdym (men soňra sözümde durdum). Onuň oglunyň gämisindäki paýyny menden satyn alyp, bergisini bermek pikiri bilen ylalaşmajakdygymy çürt-kesik mälim etdim. Eger, bardy-geldi, pula mätäç bolaýsam, gämibaşynyň gol gowşuryp oturmajagy aýandy ahbetin. Aýdaly, mülkümi yzyna alyp bilsem, onda gämibaşydan gara şaýy pul almazlyga onuň häzirki özüni alyp barşy doly esas berýärdi.

Soňra gämibaşy maňa mülkümi yzyna gaýtaryp almagyň usulyny teklip etdi. Men özümiň şol ýere gitmek isleýändigimi aýtdym. Ol meniň bilen ylalaşdy, ýöne islesem, hukugymy dikeldip, girdejileri derrew ulanyp başlamagyň başgaçarak ýollarynyň hem bardygyny duýdurdy. Ol Lissabon şäherinden geçýän Taho derýasynda Braziliýa ugramaga taýýar duran gämileriň bardygyny anyklap, derrew meniň adymy döwlet hasaba alyş kitabyna ýazdyrdy. Onsoň ol meniň diri ýaşap ýörendigim hem-de ekin ekmek maksady bilen şol mülki ilki satyn alan adamdygym barada ant içip, ýazmaça dilhat berdi. Biz soňra ol dilhaty kepilnama tassykladyp, ynanç hatyny aldyk we aýratyn bir hata goşup, gämibaşynyň Braziliýada ýaşaýan tanyş söwdagärine ugratdyk. Şol işleri biryüzli edenimizden soň, goja maňa hatyň jogaby gelýänçä, tagapyl edip garaşmagy maslahat berdi.

Şol söwdagäriň ynanç hatymyň esasynda bitiren işleri her öňýetene başartjak zat däldi. Aradan ýedi aýa golaý wagt geçensoň, meniň wekillerimiň mirasdüşerlerinden bir petde hat-petek gelip gowuşdy (wekil diýýänim — sözlerine ynanyp, gul söwdasyna çykan täjirlerimdi). Onda şu aşakdaky hatlar we resminamalar bardy:

Birinjisi, wekilleriň ilkinji alty ýylyň girdejilerini köne dostum — portugal gämibaşy bilen hasaplaşan gününden soňraky döwür üçin, meniň mülkümiň ýyllyk girdejilerini görkezýän hasap depderi bolup çykdy. Şonda meniň paýyma bir müň bir ýüz ýetmiş dört moýdor düşýän eken.

Ikinjisi, ýene dört ýylyň hasabatydy (şol döwrüň ahyrynda, kanunçylyk esasynda raýat ölümi diýlip atlandyrylýan, atsyz-sorsuz ýitip giden adamyň emlägi hökmünde hökümet meniň emlägimi dolandyrmagy öz eline alan eken). Şol dört ýylyň dowamynda mülküň girdejisi örän çalt köpelipdir we otuz sekiz müň sekiz ýüz togsan iki kruzado baryp ýetipdir. Ol bolsa üç müň iki ýüz kyrk bir moýdora deň bolýardy.

Üçünjisi, Keramatly Awgustin kilisesiniň baş ruhanysynyň hasabat hatydy. Onuň kilisesi on dört ýyllap meniň girdejimden paý alypdyr. Baş ruhany hassahana üçin harçlanan puldan galan sekiz ýüz ýetmiş iki moýdory meniň emlägim hökmünde örän akgöwünlilik bilen yzyna hödürleýärdi. Korolyň hazynaçysy barada aýtsam, ondan ýaňa tamaňy tala daňaýmalydy.

Hat-petekleriň arasynda şärigimiň ýazan haty hem bar eken. Ol meniň diri ýaşap ýörendigimi tüýs ýürekden mübärekläpdir, ekin meýdanymyzyň nähili özgerendigini we onuň her ýylky girdejisini jikme-jik ýazypdyr. Meýdana nämeler ekilýändigini, näçe guluň zähmet çekýändigini görkezipdir. Soňra ol ýigrimi iki sany atanajyk goýupdyr-da, meniň aýatda diridigime begenip, şonça gezek Merýem enä alkyş okap, «Ave Maria» dogasyny okandygyny aýdypdyr. Ol gara çyny bilen meniň Braziliýa baryp, mülküme eýe çykmagymy haýyş edýärdi. Bardy-geldi, özüm barmajak bolsam, emlägimi, pullarymy kime bermelidigini soraýardy. Şärigim hatynyň ahyrynda özüniň we maşgalasynyň maňa bolan çäksiz dostlugyny tekrarlapdyr. Ol maňa sowgat hökmünde ýedi sany eýlenen ajaýyp alaja-gaplaň derisini ýollapdyr. Megerem, ol menden soň başga bir gämini Afrika iberen bolmalydy (elbetde, ol gäminiň işi meniňkiden şowly çykypdyr). Mundan başga-da, ol bäş sandyk aňrybaş kemputdyr süýjülik, moýdora görä kiçiräjik, zikgelenmedik ýüz sany tylla teňňe hem ugradypdyr. Täjir wekillerim hat-petekleri getiren gämi bilen bir müň iki ýüz sandyk şeker, sekiz ýüz desse temmäki we galan altynlaryň barysyny ýükläp goýberipdirler.

Şeýlelikde, «Öňüm gelenden soňum gelsin» diýleni boldy. Dumly-duşdan ýagýan baýlyklar göz öňüme gelen mahaly, kalbymdan nähili şatlykly duýgularyň gelip-geçenini düşündirmek mümkin däl. Braziliýadan meniň hatlarymy getiren gäminiň ýany bilen meniň baýlyklarymdan mas ýüklenen başga-da telim gämi uly flot bolup geläýen bolsa nädersiň. Asyl, men hatlary elime almankam, meniň harytlarym we gülebentlerim Lissabonyň gämi duralgasyna düşürilen eken. Men bu habary eşidenimde, reňkim agyp, essim aýyldy. Garry gämibaşy ylgap gitdi-de, şypaly suw äkeldi. Duýdansyz basan şatlyk duýgusy aňkamy aşyran bolarly. Şol duranja ýerimde amanadymy tabşyraýmagym hem daş däldi. Meniň halym barha teňleşýärdi. Birnäçe sagatdan lukman geldi-de, meniň ýarawsyzlygymyň düýp sebäbini kesgitledi. Ol

damarymdan gan alansoň, men derrew aýňalyp, bäri bakdym. Eger gan aldyryp, ýüregim düşüşmedik bolsady, onda men şol gün hökman dünýämi täzelärdim.
Şeýlelikde, men oslagsyz ýerden bäş müň funt sterlingden gowrak baýlygyň eýesi boldum oturyberdim. Üstesine-de, Braziliýada bir müň funt sterling çemesi ýyllyk girdeji berýän, Angliýadakylara bäs edýän, gurply mülk ýerim hem bardy. Mahlasy, men şeýlebir täsin ýagdaýa uçrapdym welin, asyl ýöne aňk-taňk bolup, begenjimden ýaňa näme edip-näme goýýanymy bilmeýärdim.
Soňra meniň birinji işim — heläkçilige uçran mahalym maňa ilkinji bolup gol uzadan hakyky hemaýatkärime — gämibaşy dostuma sylag-serpaý ýapmak boldy. Ol maňa jahyllyk döwrümde tekge berip, gojalan çagymda akýürekli çemeleşipdi. Men özüme iberilen harytlary, gülebentleri gämibaşa görkezişdirip çykdym-da, ählije mal-mülküm üçin owal-a Hudaýyň, soňra-da onuň öňünde bergidardygymy aýtdym. Indi onuň eden ýagşylyklaryny ýüz esse edip gaýtarmagyň wagty gelipdi. Onsoň men oňa ilkibaşda alan ýüz moýdorymy gaýtaryp berdim. Soňra bolsa kepilçini çagyrdyp, ýaşulynyň galan dört ýüz ýetmiş moýdor bergisini geçýändigim barada doly resmi we gutarnykly kepilhaty ýazdyrdym. Şonuň yzysüre gämibaşynyň mundan beýläk mülkümiň ýyllyk girdejisini meniň adymdan almagyna hukuk berýän ynanç hatyny taýýarlatdym. Ynanç hatymda men öz şärigimi her ýyl gämibaşa hasabat bermäge we degişli girdejileri meniň adymdan gämä ýükläp, oňa iberip durmaga borçly etdim. Hatyň ahyrynda eziz dostuma tä ömri ötýänçä öz girdejilerimden ýylda bir ýüz moýdor, ol ýurduny täzelänsoň bolsa, onuň ogluna ýylda elli moýdor tölemekligi äht etdim. Ine, şeýdip, men garry dostum bilen hutma-hut boldum.
Indi öz durmuş ýolumy haýsy ugra gönükdirmelidigim we Biribaryň maňa gudrat bilen bagyş eden baýlygyny nähili ulanmalydygym barada oýlanmaga gezek gelipdi. Aslynda, adada ýeke özüm tapan zadym bilen oňňut edip, diňe gerek-ýaragymyň gamyny iýip, asuda geçiren ýaşaýşyma garanyňda, şu wagt aladam has köpelipdi. Eýýämden üstümi alada basdyrypdym, her işi birlaý ýerbe-ýer etmelidim. Ne-hä bir pullarymy goýar ýaly gowagym, adam oglunyň eli degmän, ne-de olar özbaşyna poslaşyp ýatar ýaly gulpsuz-açarsyz ýerim bardy. Pullary nirä goýjagyňy, kime ynanjagyňy biler ýaly däldi. Goja gämibaşy örän päk ýürekli adamdy, meniň ýeke-täk gaçybatalgam hem şol bolarlydy. Şol aralykda Braziliýadaky bähbitlerim üçin ol ýere gitmeli bolaýmagymam ähtimaldy. Emma işlerimi ugrukdyrman, elimdäki baýlygy ynamdar birine tabşyrman gitsem boljak däldi. Ilki bilen, Angliýadaky dul zenan hakydama geldi. Ol ynsaply aýalyň meniň hakymy iýmejegine gözüm ýetikdi. Emma onuňam ýaşy ötüşipdi, pukarajady. Ähtimal, bergisi bar bolara çemelidi. Garaz, şonluk bilen, gülberimi arkama daňyp, Angliýa dolanmakdan başga çykalgam galmady.
Şeýle karara gelýänçäm, aradan birnäçe aý geçdi. Men kö-ne hemaýatkärim — gämibaşy dostumyň doly sylagyny ýetirip, göwnüni hoş etdim. Şondan soň biçäre dul zenan barada oýlanmaga başladym. Maňa ilkibaşda ugur-ýol öwreden şonuň adamsydy. Onuň özem hal-ýagdaýy gowy wagtlary maňa elinden gelen kömegini edip, wepaly hossarym we maslahatçym bolupdy. Şonuň üçinem men, ilkinji nobatda, Lissabondan bir täjir tapyp, onuň Londondaky tanşyna hat ugratdyrdym.

Men öz hatymda londonly täjirden meniň hata goşup iberjek ýüz funt sterlingimi şol dul zenana elin gowşurmagyny hem-de eger ölmän ýörsem, onda ýene-de pul kömegini iberjekdigimi aýdyp, onuň garyplyk derdini egismegini towakga etdim. Şol bir wagtyň özünde obada ýaşap ýören iki sany aýal doganymyň hersine ýüz funt sterling iberdim. Olar garyp bolmasa-da, barybir, ýagdaýlary öwerlikli däldi. Aýal doganlarymyň biri durmuşa çykyp, soňra dul galypdy. Beýlekisiniň ýassykdaşy bolsa onuň ugruna gowy seretmeýärdi.
Emma meniň garyndaşlarymyň we tanyşlarymyň arasyndan Braziliýa giden mahalym pulumyň, harytlarymyň esasy bölegini arkaýyn ynanyp gider ýaly ýekeje-de ynamdar adam tapylmady. Bu bolsa meni diýseň ünjä goýýardy.
Kelläme: «Braziliýa ymykly göçüp gidäýsem niçik bolarka?» diýen pikir gelýärdi, sebäbi men ol ýeriniň tebigaty bilen «garyşyp» gidipdim. Emma bir iňkisim bardy — o-da din-ygtykat meselesi. Aslynda, meni ol ýere göçüp gitmekden saklaýan zat ygtykat däldi. Braziliýada ýaşan wagtym katolik mezhebine kellämi agyrtmandym, indem agyrtmajagym bellidi. Ýöne welin, meniň dini ynanç baradaky garaýyşlarym ozalkymdan düýpgöter özgeripdi. Katolikleriň arasynda ýaşap, şol jelegaýlarda dünýeden ötüp gitmeli boljakdygym ýadyma düşende, katolik mezhebine girmelidigime juda gynandym.
Ýöne, ýaňky aýdyşym ýaly, aslynda, meni Braziliýa gitmekden saklaýan zat bu däldi-de, baýlygymy kime goýjagymy bilmeýänligimdi. Ahyrsoňy, men Angliýa gitmeli diýen netijä geldim. Ol ýere bir baramsoň, öňde-soňda tanyş-biliş, dost-ýar tapyljagyna bil baglaýardym. Şeýlelikde, men bar baýlygymy jemläp, Angliýa dolanmaga taýýarlanyp başladym.
Men öýüme dolanmazdan öň, öz işlerimi ýerbe-ýer etmegiň ugruna çykdym hem-de hojalygymyň ähli hasabatlaryny dogruçyl we adalatly ýazyp iberendikleri üçin degişli adamlara hat ýazmagy ýüregime düwdüm, sebäbi Braziliýadan gelen gämiler bahym yzyna gaýtmalydy. Men, ilki bilen, Keramatly Awgustin kilisesiniň baş ruhanysyna päk göwünli hasabaty üçin köp taňryýalkasyn aýdyp, hat ýazdym. Hatymda heniz sowulmadyk sekiz ýüz ýetmiş iki moýdoryň bäş ýüzüni kilisä bagyş edýändigimi aýdyp, galan üç ýüz ýet-miş iki moýdory bolsa, baş ruhanynyň garyp-gasarlara paýlamagyny towakga etdim. Meniň üçin dilegde bolmagyny haýyş etdim.
Adalatly we dogruçyl hereketleri üçin owadan-owadan sözler bilen iki wekilime-de minnetdarlyk hatyny taýýarladym. Sowgat ibermek meselesini bolsa, olaryň juda gurpludygyny nazarda tutup, goýbolsun etdim.
Men soňra öz şärigime-de hat ýazyp, mülki ösdürmekdäki zähmetsöýerligi, esasy maýany ulaltmakdaky gaýratlylygy üçin uly minnetdarlyk bildirdim. Maňa düşýän paý barada görkezme berip, goja gämibaşyny özümiň ygtyýarly wekilim edip belländigimi duýdurdym, eger menden aýratyn bir habar geläýmese, onda meniň paýyma düşýän ähli girdejini şoňa ibermegi tabşyrdym. Diňe bir ýurt görmek üçin däl-de, eýsem, galan ömrümi ýaşamak üçin hökman Braziliýa barmak niýetimiň bardygyny hem aýtdym. Men hatyň ýanyna şärigimiň aýaly we iki sany gyzy üçin (men olar barada gämibaşynyň oglundan eşidipdim) italýan ýüpeginden tikilen örän bezemen lybaslary goşdum. Lybaslaryň ýanyna Lissabondan tapyp bolaýjak iki top iň

nepis iňlis mawudyny, bäş top ajaýyp gara baýkany hem-de gymmatbaha flamand tornagyşlaryny saldym.

Işlerimi şeýdip ýola goýanymdan soň, harytlarymy satyp dyndym. Düşen puluň barysyny ygtybarly weksellere öwürdim. Soňra ýene-de bir kynçylyk ýüze çykdy — Angliýa nähili gitmeli. Men deňze ýeterlik derejede öwrenişipdim. Emma, nämüçindir, şol wagt Angliýa gämili gitmek baradaky pikirden gaça duranymy kem görmedim. Ol duýgyny nähili düşündirjegim belli däl. Bu kynçylyk meni şeýlebir basmarlap ugrady welin, ýola düşmek üçin gämä ýüklän goş-golamlarymy yzyna düşürdim. Şol hereket ýene-de iküç gezek gaýtalandy.

Dogrusyny aýtsam, meniňki deňizde hiç ugruna bolmaýardy. Meni ýöwselledýän sebäpleriň biri hem, belki, şoldur. Ýöne welin, şunuň ýaly pursatlarda elmydama ýüregiň syzýan zadyna uýmalydygyna gözüm ýetikdi. Ýüzüşe çykmakçy bolan, ýagny ala-böle saýlap tutan iki sany gämimiň ikisem betbagtçylyga uçrady. Men olaryň birine goşlarymy ýüklāp, ýene düşüripdim, beýlekisiniň bolsa, gämibaşysy bilen ylalaşyp goýupdym. Ol gämileriň birinjisini alžirliler basyp alypdyr, ikinjisi bolsa, Torbeý aýlagynyň golaýyndaky Start sebitinde heläkçilige uçrap, gämidäkilerden diňe üç sany adam diri galypdyr. Şol gämileriň haýsysynda ykbalymyň has keç boljagyny aýtmak kyndy.

Pikirlerim garjaşyp, halys çykalga tapman, bar syrymy açýan dostuma — ýaşuly gämibaşa sala saldym. Ol meniň deňiz bilen gitmegime kes-kelläm garşy çykdy, ýa-ha La-Korunýa baryp, Biskaý aýlagyndan geçip, La-Roşel şäherine, ol ýerden bolsa Parиže geçmegimi ýa-da ilki Madride baryp, tutuş Fransiýany gury ýer bilen kesip geçmegimi maslahat berdi.

Gepiň gysgasy, Kale deňiz duralgasyndan Duwr şäherine çenli aralygy hasap etmeseň, onda men deňizde ýüzüşe çykmaga düýbünden göwnemeýärdim. Şeýle bolansoň, men gury ýer bilen ýola çykmaly diýen netijä geldim. Öňi-soňy gyssanyp baramok. Ýol harjysynyň köplügem meni alada goýmaýardy. Sebäbi gury ýer bilen syýahat etmek tüýs hoşuma gelýärdi. Goja gämibaşynyň Lissabonda ýaşaýan bir iňlis täjiriniň ogluny yzyna tirkäp getirmegi meni has-da begendirdi. Ýaş jentilmen meniň bilen bilelikde ýola çykmaga döwtalap eken. Soňra biz ýanymyza iki iňlis söwdagäri bilen ýene iki sany ýaş portugal ýigidi goşduk. Portugallaram Parиže barýan eken. Şeýlelikde, biz jemi alty adam bolduk, bäş sanam hyzmatkärimiz bardy. Iki täjir bilen portugal ýigitler pul tygşytlamak üçin iki adam bolup bir hyzmatkäri hakyna tutupdy. Men bolsam Annadan başga-da, hyzmatkär hökmünde bir iňlis deňizçisini ýanyma aldym. Sebäbi Anna üçin bu ýerler ýat bolansoň, hyzmat edenden geçen, onuň özüne bir adam gerek boljakdy.

Şeýdip, men ahyrsoňy Lissabondan ýola düşdüm. Biziň toparçamyzyň azyk-owkady üpjün, ok-ýaragy gurgundy. Ýoldaşlarym meniň iki hyzmatkärimiň bardygyny we şu syýahatyň başyny başlandygymy göz öňünde tutup hem-de ýaşymy sylap, maňa «gämibaşy» diýip ýüzlenmäge başladylar.

Deňiz syýahatlarymy hetjikläp kelläňizi agyrtmaýşym ýaly, men gury ýerdäki bu ýolagçylygym barada hem gürrüň berip oturmakçy däl. Emma welin, şol muşakgatly

we surnukdyryjy syýahatda başdan geçiren käbir wakalarymyzy gürrüň bermesem, göwnüme jaý däl.
Madride baran wagtymyz, hemmämizem Ispaniýa näbelet bolamyzsoň, ispan korolynyň köşgüne we başga-da göreniňe degjek ýerlere seýran etmegiň hyýalyna mündük. Emma welin, tomus pasly paýawlap barýandygy sebäpli, gyssagymyz özümiz bilendi. Şonuň üçin-de oktýabr aýynyň ortalarynda Madridden çykyp, ýola rowana bolduk. Biz Nawarra welaýatynyň bir çetinden giren mahalymyz daglaryň Fransiýa tarapyna örän köp gar ýagandygyny, birgiden ýolagçynyň dagdan aşmak üçin ençeme töwekgelçilige ýüz urup, ahyrsoňunda, Pampeluna şäherine dolanmaly bolandygy baradaky habary eşidip, howsala düşdük.
Pampeluna şäherine baranymyzda, eşiden habarymyzyň çyndygyna göz ýetirdik. Men hemişe diýen ýaly yssy howada, egniňe ýeňiljek eşik atynyp gezilýän ýurtlarda ýaşandygym zerarly, sowuk howa meniň tüýs duranja ýerimdi. Bary-ýogy on gün mundan ozal howasy diňe bir ýyly däl-de, eýsem, tüp yssy Köne Kastilýadan ýola düşüp, indem ur-tut Pireneý daglaryndan ýüzkessir öwüsýän aňzakly şemalyň öňünde dygdyraklamak maňa diýseň ýokuş degýärdi. Şatlama sowuga çydar dagy eder ýaly däldi, asyl, ýöne elimizi-aýagymyzy doňduryp gelýärdi.
Anna görgüli ap-ak gara basyrynyp oturan daglara gözi düşüp, ýalaw ýaly howanyň demini duýanda, ömründe beýle zada duş gelmändigi sebäpli, gorkup ala-basga düşdi.
Garaz, Pampeluna şäherine gelenimizde henizem boraganlap gar ýagýardy. Gar şeýlebir gazaply syraýardy welin, hemmeler gyşyň ir düşendigine haýran galýardylar. Öňdenem geçmesi kyn dag ýollary indi-hä hasam beter bolupdyr. Bir söz bilen aýdanyňda, käbir ýerlere gar şeýlebir galyň düşüpdir welin, asyl ýörär ýaly däldi. Gar gatlaklary demirgazyk ýurtlaryndaky ýaly onçakly doňmansoň, her bir ädimde garyň içine diri gömülmek howpy abanýardy. Biz azyndan ýigrimi günläp Pampelunada garaşyp ýatdyk. Men gyşyň barha gazabyna tutýanlygy, şol ýyl tutuş Ýewropada henize-bu güne çenli görlüp-eşidilmedik ýowuz gyşyň düşendigi sebäpli, howanyň düzeljek umydynyň ýokdugyna göz ýetirdim. Onsoň öz ýoldaşlaryma Fontarabiýa deňiz menziline gitmegi we ondan aňyrlygyna Bordo şäherine çenli gämide ýüzmegi teklip etdim. Ýüzüş sähelçe wagta çekjekdi.
Ine, biz şu meseläni pikirlenişip ýörkäk, şähere dört sany fransuz gelip düşdi. Biziň dagyň Ispaniýa tarapynda galşymyz ýaly, olar hem dagyň Fransiýa tarapynda galypdyrlar. Ýöne olar bir ýolbelet tapypdyrlar. Ýolbelet olary Langedok welaýatynyň ýokary çetinden geçirip, şeýle bir dag ýodalaryndan aýlap-öwrüp getiripdir welin, ýolagçylar gardan onçakly kösenmändirler. Garyň köp duş gelen ýerlerinde bolsa buz tutan ýeriň sürçekligi, atlaryň we ýolagçylaryň agramyna tap getirip biljek derejede eken.
Biz ýolbelede habar iberdik. Ol eger ýabany ýyrtyjylardan goranmaga ýeterlik ýaraglansak, onda garyň howp salmaýan şol dag ýodalaryndan bizi hem äkidip biljekdigini aýtdy, çünki, onuň gepine görä, munuň ýaly galyň gar ýaganda dagyň eteginde selpäp ýören möjek sürüleri ýygy-ýygydan gabat gelýän eken. Daş-töwerek gara bürenip ýatansoň, ol möjekler açlyk derdinden ýaňa guduzlar derejesine

gelýärmişin. Biz ýolbelede: «Sen bizi iki aýakly «möjeklerden» gorap bilseň, galan möjekleriň hötdesinden özümiz geleris. Aýtmaklaryna görä, ylaýta-da, daglaryň Fransiýa tarapynda ygyp ýören «iki aýaklylaryň» biziň janymyza howp salmagy juda ähtimal» diýdik.
Ýolbelet gitjek ugrumyzda onuň ýaly howpuň ýokdugyny aýdyp, bizi köşeşdirdi. Şeýle bolansoň, biz derrew onuň bilen ýola düşmeli diýen netijä geldik. Fransuzdan-ispandan ýene on iki sany adam öz hyzmatkärleri bilen bilelikde biziň kerwenimize goşuldy. Meniň eýýäm gürrüň berşim ýaly, olar şol dagdan geçip bilmän, yzyna dolanan ýolagçylardy.
Şeýlelikde, biz 15-nji noýabr güni ýolbelediň yzyna düşüp, Pampeluna şäherinden ýola düşdük. Ýolbeledimiz öňe bakan gitmän, meni haýran galdyryp, bizi Madridden gelen ýolumyz bilen göni yza tarap ýigrimi mil çemesi alyp gaýtdy. Biz iki derýadan aşyp, ahyrsoňy tekiz bir düzlüge baryp ýetdik. Ol ýerde howa maýyldy, daş-töwerek göwnüňi göterýärdi, hiç ýerde gar göze ilmeýärdi. Soňra ýolbelet duýdansyz çepe sowlup, daga başga bir ýol bilen ýakynlaşdy. Dagyň depeleri we kert uçutlary örän eýmenç görünýän-de bolsa, ýolbelet egrem-bugram ýodajyklardan aýlap-dolap, bizi öwrüm-öwrüm ýollardan alyp gitdi. Şeýlelikde, hiç hili garyň kynçylygyna uçraman, dagyň belent gerşinden nädip geçenimizi hem aňşyrman galypdyrys. Ol birdenkä bize Langedok we Gaskon welaýatynyň gök-parç bolup, al-elwan öwüsýän mes toprakly ýerlerini görkezdi. Ol jelegaýlar entek örän daşda, ep-esli kötel ýollaryň aňyrsynda ümezläp görünýärdi.
Şeýle-de bolsa, bir gije-gündiz dynuwsyz gar ýagyp, düşlemäge mejbur bolan wagtymyz az-kem ynjalykdan gaçdyk. Emma ýolbelet: «Ýeri, darykmasaňyzlaň, ine, bahym bar zat gülala-güllük bolar» diýip, bizi arkaýynlaşdyrdy. Hakykatdan hem, biz her gün assa-ýuwaş eňaşak gaýdyp, dagyň demirgazyk etegine barha ýakynlaşýardyk. Şeýdip, ýolbelediň yzyndan tirkeşip, gidip barýardyk.
Ýarygijä çenli iki sagada golaý wagt bardy. Ýolbeledimiz biraz öňden ýöräp, bizden arany üzeňkirläpdi. Şol wagt gür tokaýlyga sümüp gidýän çöketlikden üç sany äpet möjek atylyp çykdy. Olaryň yzy bilenem bir aýy gelýärdi. Möjekleriň ikisi şobada ýolbelediň üstüne topuldy. Eger ol bizden gaty daşlaşan bolsady, onda baryp ýetişýänçäk möjekler ony düýt-müýt edäýjek eken. Bir möjek ýolbelediň atyna agyz urdy, beýlekisi bolsa onuň özüne ýapyşdy. Möjekleriň hüjümi şeýlebir çalt bolup geçdi welin, ýolbelet pahyr sapançasyny almaga maý tapman, aljyrap uly ili bilen gygyryp, bizi kömege çagyrdy. Men ýanym bilen barýan Anna atyny çapdyryp, näme bolandygyny görmegi tabşyrdym. Ýolbelede gözi düşen badyna Anna onuň özünden beter bogazyna bat berip: «Eý, jenap! Jenap!» diýip gygyrdy. Soňra ol sapançasyny aldy-da, gaýduwsyzlyk bilen atyny öňe sürdi we ýolbelediň alkymyna baryp, möjegiň göni çat maňlaýyndan otlady.
Annanyň ýetişmegi ol görgüli üçin gowy boldy. Munuň ýaly ýyrtyjylara öz ýurdunda juda belet bolansoň, Anna batyrlyk bilen öňe okdurylyp, möjegiň kellesinden çüýläpdi. Oňa derek başga biri bolan bolsady, onda ol uzak aralykdan atardy-da, möjege degerinden geçen, ýolbeledi ýere ýazardy.

Bu ahwalat menden has batyr adamlary hem gorkuzyp biljekdi. Dogrudanam, Annanyň sapançasy gümpüldänsoň, iki tarapdan möjekleriň gazaply uwlaşýan seslerini eşidip, barymyzyň depe saçymyz dim-dik boldy. Uwwuldylar dagda gaýta-gaýta ýaňlanyp, hamala diýersiň, möjekleriň uly bir sürüsi üstümize gaýdan ýaly boldy. Erewde-berewligiň arasynda möjekleriň hakyky sany şondan az bolmaly däldi. Bolsada, Anna hälki möjegiň läşini serensoň, ýolbelediň atynyň boýnundan aslyşyp barýan möjek awdan ellibizar ýazzyny berdi. Onuň päki ýaly dişleri jylawdan ilişendigi sebäpli, at janawara onçakly agyr ýara düşmän eken. Emma welin, ýolbelet agyr ýaralanypdyr. Guduz açana dönen möjek onuň bir-ä, elinden agyz urupdyr, birem, dyzynyň ýokary ýanyny çeýnäpdir. Ýolbelet biçäre başardygyndan goranan hem bolsa, Anna ýetişip möjegi atan mahaly ol ikibaka hyzzynlaýan atynyň üstünden tas agyp gaýdan eken.
Annanyň sapançasynyň sesini eşidip, badymyzy gataldandygymyz öz-özünden düşnükli bolsa gerek. Biz büdür-südür ýoda bilen başardygymyzdan atymyzy ýüzin saldyryp, näme-näme bolandygyny görmek üçin okduryldyk. Öňümizi ýapyp duran topbak agaçlykdan saýlanan dessimize biz Annanyň ýaraly ýolbelede kömek edip durandygyny görüp, nämeleriň bolup geçendigine göz ýetirdik.

## XX bap

Emma welin, hiç bir garpyşyk Annanyň aýy bilen urşuşy ýaly gazaply we haýran galdyryjy bolan däl bolsa gerek. Birbada howpurgap, Anna bir zat bolar öýdüp, gorkanda bolsak, soňra ol tomaşany hezil edip synladyk. Aýy diýeniň bir göwresi agyr, tagaşyksyz haýwan. Ol möjek ýaly ýeňil, çakgan hereket edip bilmeýär. Ýöne onuň öz hereketlerini ugrukdyrýan iki sany häsiýeti bolýar. Birinjisi, aýylar, umuman, adam awlajak bolmaýar (özleri hüjüm edäýmese, onuň adam bilen işi ýokdur. Emma şu wagtky ýaly ýeri gar basyp, halys ajyganda, onuň adamlara topulaýmasy hem bolýar. Şol gezegem şeýle bolupdy). Sen oňa azar bermeseň, ol hem saňa degmeýär. Oňa sypaýyçylyk edip, bir çete sowlup ýol bermeli, sebäbi ol örän salykatly jandar. Öňünden şazada çyksa-da, barmysyň diýýän däldir. Eger, hakykatdan hem, gorksaň, onda iň gowusy — ugruňy üýtgedip, ondan arany açmak bilen bolmaly. Aýdaly, hiç ýere butnaman, tiňkäňi dikip durdugyň, onda aýynyň myrryhy atlanar. Barmak ýalyjak çybyjagam bolsa, bardy-geldi, bir zady oňa tarap zyňdygyň ýeňsesini tüňňerdip başlar. Onsoň ar aljak bolup, bar zady bir ýaňa taşlar-da, söbügiňe müner. Aýynyň birinji häsiýeti-hä şeýle. Onuň ikinji häsiýeti bolsa, göwni galsa gijesi-gündizi bilen yzyňa düşüp, tä aryny alýança kowalar ýörer.
Hyzmatkärim Anna ýolbeledi halas edipdi, biz baryp ýeten wagtymyz ol onuň atdan düşmegine kömek edip durdy. Sebäbi gorkudan ýaňa huşy başyndan göçen ýolbelet ýaralanypdy. Biz birdenkä tokaýlykdan bir aýynyň çykyp gelýänini gördük. Ol aýy juda mähnetdi, men hiç haçan beýle äpet aýy görmändim. Biz aljyrap elimizi-aýagymyzy ýitirdik, ýöne oňa gözi düşende, Annanyň ýüzi ýagtylyp, keşbinde gaýduwsyzlyk peýda boldy. Anna üç gezek: «Eý! Eý! Eý!» diýip gygyrdy-da, aýa

tarap elini uzatdy: «Hojaýyn, maňa rugsat bersene. Onuň bilen «salamlaşyp», güldürip içiňizi gyraýyn».

Men Annanyň nämä şat bolýandygyny geňirgäp: «Aý, akmak, ol seni iýäýmesin» diýdim. Ol: «Meni iýer, meni iýer — diýip, iki öwran gaýtalady. — Men onuň özüni iýerin. Häzir gülüp içiňiz gyrlar. Hany, bir gyra süýşüň bakaly!» Anna aşak oturdy-da, derrew ädiklerini çykaryp, ýasy çepegini geýdi (ol öz ýurdunda geýýän ýasy çepegini jübüsinde saklaýardy). Ol atynyň jylawyny beýleki hyzmatkärime berip, eli tüpeňli öňe bakan okduryldy.

Aýy agras ädimler bilen daşlaşyp barýardy we adam bilen işi ýokdy. Emma Anna onuň alkymyna dykylyp baryp, hamala, gepine düşünýän ýaly, aýa hemle urdy: «Häýt, häýt. Saňa diýýän». Biz daşrakdan synlap durduk. Bu ýer dagyň Gaskon tarapynda, giň tokaýlygyň çetidi. Käýerde-käýerde topbak bolup oturan agaçlar bar diýäýmeseň, töwerek alaň-açyk, düzlük ýerdi.

Aýynyň söbügini sydyrdyp barýan Anna bahym onuň yzyndan ýetdi we eline ullakan daş alyp, aýlap saldy. Daş aýynyň kellesine gütüläp degdi, ýöne edil diwara degen ýaly bir gapdala zyňlyp gitdi. Aýa hiç zat bolmady. Şeýle-de bolsa, Anna öz maksadyna ýetdi. Ol zaluwadyň gorky-ürki ýadyna düşenokdy, ýörite bizi güldürjek bolup aýyny öz üstüne topuldyrjak bolup daş zyňypdy.

Daş degen badyna aýy öwrülip ony gördi-de, yranyp, öňürdikläp barýan at ýaly, haýran galdyryjy tizlik bilen Annanyň yzyndan eňdi. Anna kömek soraýan ýaly, bize tarap gaçdy. Muny görüp, biziň barymyz birden ok atyp, Annany halas etmegi ýüregimize düwdük. Öz ugruna gidip barýan aýyny yzyna gaýtarany üçin men Anna örän gaharlandym. Esasanam, ony öjükdirip, üstümizden getirip, bir ýaňa gaçanyna janym dagy ýandy: «Häý, köpeý ogly diýsä. Bizi güldüren bolşuňmy şu? Çaltrak atyňa atlan-da, bir gyra sowul. Häzir biz ony atarys» diýip gygyrdym. Anna bolsa: «Atmaň, atmaň. Gymyldamaň. Häzir sizi güldürjek» diýip janykdy. Ol şeýlebir çakgan hereket edýärdi welin, aýy bir ädim ätmänkä ol iki ädim ädýärdi. Ol bir gapdalda öz maksadyna laýyk dub agajyny gördi-de, şobada şol agaja tarap sowuldy. Bize-de, «yzymdan geliň» diýip el bulady. Ol tizligini has-da artdyryp, tüpeňini agajyň bäş-alty ädim gapdalyna taşlady-da, sen-men ýok, agajyň üstüne dyrmaşdy.

Aýy bahym agajyň aşagyna geldi. Biz uzakdan seredişip durduk. Aýynyň birinji eden işi tüpeňiň ýanynda saklanyp, ony ysgaşdyrmak boldy, ýöne ol oňa hiç zat etmedi. Soňra ol şol mähnet göwresi bilen edil pişik ýaly agaja dyrmaşyp ugrady. Hyzmatkärimiň bu bolup ýörşüne men näme etjegimi bilmän durdum. Bu ýerde hiç hili güler ýaly zat ýokdy. Aýynyň agaja dyrmaşyp ugranyny görüp, barymyz atymyzy sürüp ýakynlaşdyk.

Biz agajyň ýanyna ýeten wagtymyz Anna ullakan bir şahanyň ujuragyna ýetipdi, aýy bolsa şahanyň orta gürpüne çenli dyrmaşypdy. Aýy şahanyň has inçeräk ýerine ýetende, Anna bize: «Ähä, indi görüň meniň aýa tans etdirişimi» diýip, bökjekläp, şahany yralamaga başlady. Aýy yraň-daraň edip, duranja ýerinde saklandy we yza dolanmagyň alajyny gözläp, arkasyna bakan garanjaklady. Biz muňa hezil edip gülüşdik. Emma Annanyň oýny heniz gutarmandyr eken. Ol aýynyň butnap bilmän durşuny görüp, öňe sürnüp ugrady. Hamana diýersiň, aýy iňlis diline düşünýän ýaly:

«Näme duruberdiň-le? Hany, gel bakaly» diýip ýüzlendi. Anna bökjekläp, şahany yralamagyny goýansoň, aýy edil onuň diline düşünýän ýaly, ýene öňe omzap başlady. Anna täzeden hallanlap, şahany yralap başlanda, aýy ýene aýak çekdi.

Onsoň biz aýyny kellesinden atmagyň tüýs wagty geldi diýip pikir etdik-de, Anna gymyldaman durmagy tabşyrdyk. Ýöne ol: «Ýok, haýyş edýän! Atmaň, ony özüm ataryn» diýip özelendi. Gepiň gysgasy, Anna her hili oýunlar edip, aýynyň halys gözüni-başyny aýlady. Biz gülşüp keýpden çykdyk. Ýöne hyzmatkärimiň indi näme hokga çykarjagyny çaklap bilmeýärdik. Ilkibaşda ol şahany yralap aýyny ýere gaçyrjak bolýandyr öýtdük, emma aýy hem ahmal däldi. Ol kän bir öňe tarap zomap durman, tagaşyksyz penjeleri bilen agaçdan berk ýapyşýardy. Bu wakanyň soňunyň nähili gutarjakdygy bize näbellidi.

Emma Anna bizi güman etmekden bahym saplady. Ol aýynyň şahadan pugta ýapyşýandygyny, kän bir öňe süýşerli däldigini aňlap: «Ýeri, bolýa-da, sen gelmeseň, özüm baraýaryn» diýdi. Soňra ol şahanyň ujragyna çenli süýşdi-de, aşak eglen şahadan usullyk bilen ýere böküp düşdi. Tüpeňine tarap ylgady-da, ony eline alyp dikeldi.

Men oňa: «Ýeri, Anna, indi näme etmekçi bolýaň? Näme üçin ony atmaýarsyň?» diýip seslendim. Anna: «Ýok, ýok, entek däl. Men ony entek atmakçy däl. Sizi ýene-de güldürjek» diýip jogap gaýtardy. Ol, hakykatdan hem, şeýle etdi. Aýy öz duşmanynyň ýere düşenini görensoň, arkasyna garanjaklap, her ädimin seresap basyp, ýuwaş-ýuwaşdan yza bakan süýşüp başlady. Ol agajyň sütünine baryp ýetdi we ýene şol usul bilen, penjelerini ulanyp, äwmezlik bilen agaçdan düşdi. Aýy ýaňy bir aýagyny ýere basanda, Anna bärden bardy-da, tüpeňiniň nilini onuň gulagyna diräp, mäşäni gysdy. Aýy gürpüldäp ýere ýazyldy.

Anna gülüp-gülmeýäniňizi bilmek üçin töweregine garanjaklady, ýüzümizdäki şatlyk alamatyny görüp, ol hahahaýlap güldi. Ol: «Biz öz ýurdumyzda aýylary şeýdip öldürýäs» diýdi. Men: «O nähili, sizde tüpeň ýok ahyryn» diýdim. Anna bolsa: «Tüpeň ýok, ýöne biz uzyn peýkam atyp awlaýarys» diýip jogap berdi.

Bu waka biziň göwnümizi açypdy, ýöne henizem ýalazy ýerlerden saýlanmandyk. Ýolbeledimiz agyr ýaraly bolansoň, näme etjegimizi bilmeýärdik. Möjekleriň uwlaşýan sesleri gulagymda ýaňlanyp durdy. Ozal gürrüň berşim ýaly, Afrikanyň kenarýakasynda eşiden aýylganç sesimi hasap etmäniňde, hiç bir sesden beýle gorkmandym.

Şeýlelikde, gijäniň düşüp ugramagy bizi gyssanmaga mejbur etdi. Anna «hä» diýseň-ä, onda ol äpet aýynyň bahasyna ýetip bolmajak hamyny sypyrjak bolup ýene-de eglenerdi. Ýöne öňümizde üç liga ýol ýatyrdy. Ýolbeledem bizi gyssaýardy. Onsoň, biz aýyny taşlap ýola düşdük.

Daglardaky ýaly çuň we howply bolmasa-da, ýeri henizem gar basyp ýatyrdy. Soňra eşidişimize görä, açlykdan guduzlana dönen möjekler iýmit gözläp tokaýa we düzlüklere gelipdirler. Adamlary ahmala salyp, obalara çozup, uly weýrançylyk edipdirler. Birgiden goýundyr atlary, hatda birlän-ikilän adamy parçalap iýipdirler.

Ýolbelet ýene bir howply ýerden geçmelidigini, kaňkap ýören möjek sürüsi bar bolsa, onda olara duşmagymyzyň ähtimaldygyny aýtdy. Geçip barýan ýerimiz daş-

töweregini tokaý gallap oturan kiçijik düzlükdi. Gije düşlär ýaly öňümizdäki oba ýetmek üçin şu taýdan aňyrlygyna insizje bir ýodajygy syryp gitmelidik.
Tokaýa giren wagtymyz günüň ýaşmagyna ýarym sagat bardy. Biz gün ýaşarynyň yz ýany düzlüge baryp girdik. Birinji tokaýjykda biz hiç zada duş gelmedik, emma tokaýyň içindäki çaklaňja açyklykda, dört ýüz metr çemesi aradaşlykda, bir görseň, aw kowalap ýören ýaly, bir görseň-de, awuň yzyny çalyp barýan ýaly bäş sany daýaw möjegiň ýoly kesip geçenine gözümiz düşdi. Olar bize ünsem bermän az salymdan gözden sumat boldular.
Biziň tüýs ýelýürek ýolbeledimiz muny görüp, bize ägä bolmagy tabşyrdy, sebäbi bu jelegaýda has köp möjek bar bolmagy mümkindi.
Biz tüpeňlerimizi ykjamlap, daş-töwerege eserdeňlik bilen garamaga başladyk. Emma ýarym liga çemesi ýazylyp ýatan tokaýdan geçip, düzlüge girýänçäk başga möjege duşmadyk. Düzlüge giren dessimize, degre-daşymyza has hüşgär seretmeli bolduk. Biziň ilki bilen üstünden baran zadymyz — möjekler tarapyndan düýt-müýt edilip taşlanan bir atyň läşi boldy. Läşiň daşynda azyndan on-onki möjek bardy. Olara et iýýär diýip boljak däldi, sebäbi at janaweriň bar etini iýip, indem süňklerini gemirýärdiler.
Olaryň şagalaňyna päsgel bermezligi ýerlikli gördük, olaram bize onçakly pitiwa etmedi. Anna olaryň üstüne dyzajak boldy, ýöne men oňa rugsat bermedim, çünki beýtseň öz başyňy kelkelä salmak boljakdy. Çep tarapdaky tokaýlykdan möjekleriň elhenç uwlaşýan seslerini eşiden wagtymyz biz düzlügiň orta gürpüne hem ýetmändik. Şondan salym geçmänkä, ýüz töweregi möjekden ybarat ullakan ordanyň edil tejribeli serkerdeleriň ýolbaşçylygynda nyzama düzülen atlylar ýaly bolup bize tarap gelýändigini gördük. Olara nähili gaýtawul bermelidigini bilmeýärdim. Men birek-birege jebis gyslyşyp, bir hatar bolup durmakdan başga çykalga tapyp bilmedim. Onsoň biz şol pursadyň özünde bir setir bolup düzüldik. Ok atyşlygyň arasynyň üzülmezligi üçin men hatardakylara başaşa atmagy tabşyrdym. Ok atmaýanlar bolsa, eger möjekler saklanman hüjüme geçseler, onda ara böwşeňlik salman ot açar ýaly tüpeňlerini taýýarlap durmalydy. Birinji tapgyrda ok atanlar tüpeňlerini ikilenç doldurmagyň pikirini hem etmän derrew sapançalaryny alyp, taýýar durmalydy. Sebäbi biziň her birimizde bir tüpeň bilen iki sapança bardy. Şeýlelikde, şol usul boýunça biz iki tapgyr bolup, yzly-yzyna alty gezek atyp biljekdik. Emma ol usul gerek hem bolmady, sebäbi ilkinji atyşda möjekler çabrap çykan ýalyndan we gümpüldiden erbet gorkup, sakga aýak çekdiler. Olaryň dört sanysynyň kellesinden ok degen bolsa, birentegi ýaralanyp, ganyny sarkdyryp, garyň ýüzünde besse-besse yz galdyryp aňyrlygyna gaçdy. Emma süriniň esasy bölegi ýerinden butnaman durdy. Şol ikarada iň gazaply ýyrtyjylaryň hem adam sesinden gorkýandygy baradaky gürrüňler ýadyma düşdi-de, ýoldaşlarymyň ählisine bogazyna sygdygyndan gygyrmagy buýurdym. Ol gürrüňleriň jany bar eken. Biz gygyryşyp başlanymyzdan möjek sürüsi yza çekilmäge başlady. Biz wagt ýitirmän, olaryň üstüne ikinji gezek ot açdyk welin, tokaýyň jümmüşine tarap ökjäni göterdiler. Şeýlelikde, bize tüpeňlerimizi täzeden oklamaga maý boldy. Gyssagymyz özümiz bilen bolansoň, gaýtadan ýola düşdük. Tüpeňlerimizi ýaňy bir oklap, taýýarlanymyz

hem şoldy welin, tokaýyň çep gyrasyndan elhenç gopgun-zenzele turdy. Ol gopgun biziň gidip barýan ugrumyzdan eşidilýärdi.

Iňrik garalyp, garaňky düşüp başlapdy, bu ýagdaý biziň üçin gowy däldi. Sesler güýçlendigiçe, munuň şol wagşy ýyrtyjylaryň uwlaşyp, hyňranýan sesleridigine göz ýetirdik. Birdenkä, möjekleriň üç ordasy peýda boldy, biri çepimizde, beýlekisi yzymyzda we üçünji orda bolsa öňümizdedi. Olar, hamala, biziň daşymyzy gaban ýalydy. Emma, şeýle-de bolsa, olar hüjüm etmänsoň, atlarymyzy gyssap, ýolumyzy dowam etdirdik. Ýol örän çarkandakly bolansoň, atlary diňe uly gorgununa sürüp bolýardy. Şeýdip, biz düzlügiň aňry gyrasyndaky ikinji tokaýjygyň çetine baryp ýetdik. Ýol şol ýerde tokaýjyga girip gidýärdi. Emma ol ýerde-de bir topar möjegiň durandygyna gözümiz düşüp aljyradyk.

Birdenkä tokaýyň beýleki ujundan tüpeň sesi eşidildi. Ol tarapa seredenimizde eýerli, jylaw dakylan bir atyň ýel ýaly çapyp gelýändigini, yzyndanam on alty, on ýedi möjegiň okdurylyp, kowalap gelýändigini gördük. At kowguçylardan ep-esli arany açypdy, ýöne ol aralygyň ahyrsoňy ýygrylyp, möjekleriň ony tutjakdygy şübhesizdi. Şeýle hem boldy.

Atyň gaçyp çykan ýerine baranymyzda biz elhenç görnüşiň şaýady bolduk. Biz ganhor ýyrtyjylara ýal bolan bir at bilen iki sany adam jesediniň üstünden bardyk. Jesetleriň biri ýaňky tüpeň atanyňky bolmalydy, sebäbi onuň gapdaljygynda atylan tüpeň ýatyrdy. Onuň kellesi hem-de göwresiniň ýokarky bölegi ýokdy.

Biz bu görnüşden biçak gorkduk we haýsy ugur bilen ýörejegimizi bilmän ikirjiňlendik. Emma welin, möjekler kän wagt geçmänkä, bize-de hüjüm etmäge çemelenişip, degre-daşymyzy galladylar. Olaryň sany üç ýüz dagy barmyka diýýän. Bagtymyza, tokaýa girýän ýoluň biraz içrägine, tomus wagty çapylyp, daşamak üçin üýşürilip goýlan äpet agaçlar bar ekeni. Men öz toparymy derrew şol agaçlaryň arasynda ýerleşdirdim. Hemmämiz kese ýatan, uzyn bir agajyň arka tarapyna geçdik. Meniň maslahatym bilen biz atdan düşdük we agaçlary berkitme edinip, üçburçluk ýasap goranyşa geçdik. Atlarymyzy bolsa üçburçlygyň ortasyna saldyk.

Biziň beýdenimiz tüýs jüpüne düşüpdi. Möjekler üstümize şeýlebir çozuş etdi welin, öňde-soňda şondan gazaply çozuş bolan däl bolsa gerek. Olar hyňranyşyp topuldylar we berkitme hökmünde ulanýan uzyn agajymyzyň üstüne münüşip ugradylar. Möjekleriň bu gahar-gazabynyň biziň arkamyzda duran atlara gönügendigi görnüp durdy. Men öz toparyma iki tapgyr bolup ot açmagy buýurdym, birinji atyşda şeýlebir gowy nyşana alypdyrys welin, bir topar möjek ýere serildi. Ýöne yzyny üzmän ok atmalydy, çünki yzdan gelýän möjekler öňdäkileri basgylaşyp, edil melgun ýaly müňedekleşip gelýärdiler.

Ikinji tapgyr ot açanymyzda möjekler säginen ýaly etdiler, men olar gaçyp giderler öýtdüm. Ýöne şol säginişden soň, ýene-de ylgap gaýtdylar. Biz sapançalarymyz bilen ýene iki ýola ok atdyk. Ýalňyşmaýan bolsam, şol dört atyşda on ýedi, on sekiz möjegi öldürip, şondan iki esse köprägini hem ýaraladyk. Emma olaryň yzy gutarar ýaly däldi.

Oklarymyzyň çalt atylyp gutarylmagyny islemeýärdim, onsoň Annany däl-de, beýleki hyzmatkärimi ýanyma çagyrdym. Annany çagyrmandygymyň sebäbi, biz

atyşyp başagaý bolup durkak, ol iňňän çalasynlyk bilen meniňem, özüniňem tüpeňini täzeden oklap ýetişipdi. Şonuň üçinem, aýdyşym ýaly, beýleki hyzmatkärimi çagyryp, eline bir şahgap däri tutdurdym-da, şol därini öňde ýatan agajyň üstüne ýogyn zolak ýasap, boýdan-başa guýmagyny tabşyrdym. Ol tabşyryşym ýaly edip, işi dynyp barýarka, möjekler täzeden hüjüme geçip ugradylar. Birnäçe möjek agajyň üstüne böküp mündi. Şol wagt men elimdäki atylmadyk sapançany därili zolagyň bir çetini nyşanladym-da, därä ot berdim. Agajyň üstünde duran möjekler gyzyl ot bolup tutaşdy. Ýedi-sekiz sanysy bolsa, oduň zarbyndan gorkup bize tarap böküp düşdi. Biz olaryň şobada läşini serdik. Beýleki möjekler mazaly gatlyşan garaňkyda has-da elhenç görünýän otdan gorkuşyp yza çekildiler. Onsoň men iň soňky okly sapançalary birden atmaga buýruk berdim. Yzyndanam uly goh turzup gygyryşdyk. Möjekler guýruklaryny ýamyzlaryna gysdylar. Biz derrew bukudan çykyp hüjüme geçdik we ýerde urnup ýatan ýigrimi töweregi möjegiň depesinden indik. Olaryň barysyny gylyçdan geçirip taşladyk welin, netije biziň garaşyşymyz ýaly boldy. Ýaraly möjekleriň çyňsaşyp uwlaşýan seslerine düşünen bolarly, sag galan möjekler bizi taşlap, ýazzyny berdiler.

Biz çaknyşygyň başyndan aýagyna çenli jemi altmyş töweregi möjek öldürdik, eger gündiz bolan bolsady, onda olaryň ýitgisi has-da köp bolardy. Şeýlelikde, söweş meýdanyndan duşmany kowup çykaryp, biz ýaňadan ýola düşdük. Ýene-de bir liga çemesi ýol ýöremelidik. Gidip barşymyza wagşy ýyrtyjylaryň tokaýyň içinde uwlaşýan seslerini birnäçe gezek eşitdik. Kämähal olar gözümize görnen ýaly hem bolýardy, ýöne gözüňi gamaşdyrýan gardan ýaňa anyk saýgaryp bolanokdy. Bir sagat gowrak wagtdan biz gije düşlejek şäherjigimize baryp ýetdik. Şäherde elhenç gorky höküm sürýärdi, hemmeler ýaraglanypdy. Görüp otursak, düýn gije möjekler bilen birnäçe aýy bu ýere çozuş eden eken. Şäherjigiň adamlary gorkudan ýaňa gije-gündiz, esasan-da, gije sakçy goýup, mal-garalaryny we özlerini goraýar ekenler.

Ertesi gün irden biziň ýolbeledimiziň haly juda teňleşdi. Möjegiň dalan ýerleri, eli-aýagy güp ýaly çişipdi. Onuň ýola çykyp bilmejegi görnüp durdy. Şonuň üçinem biz täze ýolbelet tapmagyň ugruna çykdyk we onuň bilen Tuluza şäherine gitdik. Ol şäher maýyl howaly, mes toprakly ajaýyp ýer eken. Bu ýerde ne-hä gar, ne-de möjekler bardy. Tuluza şäherinde möjekler bilen guran söweşimizi aýdyp beren mahalymyz adamlar bize dagyň etegindäki uly tokaýda, ylaýta-da, ýerleri gar basanda, şonuň ýaly zatlaryň hemişe bolýan adaty wakadygyny gürrüň berdiler. Olar munuň ýaly gazaply howada ol ýoldan bizi haýsy ýolbelediň getirmäge ýürek edendigini, ol ýolbeledi nireden tapandygymyzy biljek bolup sorag baryny ýagdyrýardylar. Möjeklere şam bolman sag-aman galandygymyza haýran galýardylar. Atlaryň daşyna üçburçluk ýasap, özümizi goraýşymyz barada gürrüň berenimizde, adamlar bizi juda kötekklediler. Onuň ýaly ýagdaýda halas bolmak umydynyň elliden bir ähtimaldygyny düşündirdiler, çünki möjekleriň guduz açana dönmeginiň esasy sebäbi atlar eken. Olaryň bar aňy atlara giden bolmalydy, ýogsam başga wagtlar olar tüpeňden juda gorkýan ekenler. Açlykdan ýaňa halys aňkalary aşyp, atlara ýetjek bolup, howp-hatary unudypdyrlar. Üznüksiz ot açyp, üstesine-de, däri partladyp, üstün çykmadyk bolsak dagy, olar biziň barymyzy tike-tike edäýjek

ekenler. Gürrüňdeşlerimiz, aslynda, atyň üstünde oturyp ok atan bolsak, onda möjekleriň üsti adamly atlara golaýlaşmaýandygyny hem aýdyp berdiler. Juda bolmasa-da, biziň hemmämiz atlarymyzy taşlap bir ýere jemlenen bolsak, möjekler bar gahar-gazaplary bilen atlara hüjüm edip, biziňem ok-ýaragdan ýükümiz ýetik bolansoň, arkaýyn bolmagymyz mümkin eken.

Özüm barada aýtsam, men ömrümde howp-hatary şondaky ýaly duýmandym. Üç ýüzden gowrak aç ýyrtyjynyň agyzlaryny açyp, hyrlaşyp bizi iýmäge gelýändigini, hiç hili gaçybatalga ýokdugyny görüp, indi işimiz gaýtdy diýip pikir edipdim. Galan ömrüme dolanyp şol daglardan geçerin öýdemok. Her hepde gaý-harasat gopjagyny bilsem-de, deňizde müňlerçe ligalyk syýahat edeniň beýdip gury ýerde ýöräniňden müň paý gowy eken.

Fransiýanyň içi bilen syýahat edenimde aýratyn bir üýtgeşik waka bolmady. Aýdan zatlarymam beýleki ýolagçy dostlarym menden has gowy edip gürrüň berýärdiler. Men Tuluzadan Pariže gitdim, ol ýerde uzak eglenmän Kale deňiz menziline gaýtdym. Gyşyň iň aňzakly döwründe ýüzüşe çykyp, 14-nji ýanwar güni Duwr şäherine sag-aman aýak basdym.

Şeýlelikde, tükeniksiz syýahatlarym tamam boldy we men öz ýanym bilen getiren weksellerimi nagt pula öwrüp, gysga wagtyň içinde täzelikde gazanan ähli baýlyklarymy öz elimde jemledim.

Meniň esasy ýol görkezijim we maslahatçym ýene-de şol öňki dul kempir boldy. Iberen pullaryma minnetdarlyk hökmünde ol meniň üçin öz zähmetini, aladasyny gaýgyrmaýardy. Men islendik meselede oňa bil baglap bilýärdim. Aslynda, bu dogruçyl zenanyň halal wepadarlygy meniň ýüregime örän uly ynjalyk berýärdi.

Soňra men Braziliýadaky mülkümi satmagy ýüregime düwdüm-de, Lissabondaky köne dostuma ýörite hat ýazdym. Ol hem mülkümi iki täjire, ýagny meniň dünýeden öten howandarlarymyň Braziliýada ýaşaýan ogullaryna teklip edipdir. Olar teklibi kabul edip, otuz üç müň piastrlyk töleg puluny Lissabondaky tanyşlaryna ugradypdyrlar.

Gämibaşy dostum satmak baradaky resminamany iberdi, menem oňa gol çekip yzyna ýolladym. Ol hem otuz iki müň sekiz ýüz piastry weksele öwrüp, maňa iberdi. Ol şonda özüne bagyş eden ýyllyk ýüz moýdorym bilen, ogluna bagyş eden ýyllyk elli moýdorymy tutup galypdyr. Söz berşim ýaly, olara mülkümden hem girdeji gelip durmalydy.

Şeýlelikde, meniň başdangeçirmelerden doly ömrümiň birinji bölegi tamamlandy. Ol Biribaryň dürli hikmetleri bilen bezelip geçip gitdi. Onuň ýaly agyp-dönüp duran ykbal öň hiç kime nesip etmedik bolsa gerek. Ol ýeňilkellelik bilen başlap, ahyrynda bagtyýarlyk bilen gutarypdy we indi maňa geljek günler üçin umyt berýärdi.

Islendik adam munuň ýaly eşretli güne ýeteninden soň, elbetde, men howp-hatarlara ýüz urmakdan saklanaryn öýtse gerek. Ýagdaýlar ugruna bolan bolsa, ol şeýle hem bolardy. Emma men ykmanda durmuşa öwrenişipdim, ilkibaşda ne-hä maşgalam bardy, ne-de bir ygtybarly dogan-garyndaşym. Baýdygyma seretmezden, kän bir tanyş-bilşim hem ýokdy. Braziliýadaky mülkümi satanda bolsam, ol ýurdy hakydamdan çykaryp bilmeýärdim. Ganat baglap, uçup gidiberesim gelýärdi.

Adajygymda aýlanyp, şol jelegaýda galdyryp gaýdan görgüli ispanlarymyň ykbaly bilen gyzyklanmak höwesim barha güýjeýärdi.
Hakyky dostuma öwrülen dul kempir meni niýetimden gaýtarjak bolup kän özelendi. Ol, şeýdip, meni ýedi ýyllap ýat ýurtlara gitmekden alyp galmagy başardy. Şol döwrüň dowamynda men doganlarymyň biriniň iki sany çagasyny — jigilerimi öz ýanymda sakladym. Olaryň ulusynyň az-kem mal-mülki bardy. Men ony jentlmen edip ýetişdirdim we oňa baýlygymyň bir bölegini miras goýdum. Kiçi jigimi bir gämibaşynyň ýanyna kömekçi edip belledim. Bäş ýyl geçensoň, ol pähim-paýhasly, dogumly, başarjaň ýigit bolup ýetişdi. Onsoň men oňa ajaýyp gämi berip, deňze iberdim. Soň şol ýaş ýigit, indi gartaşan hem bolsam, meni deňiz syýahatlaryna alyp gitdi.
Aslynda, belli bir wagt geçensoň, men Angliýada ýerlemäge başlapdym. Iň esasy zat — men ahyryn öýlendim. Öýlenenim kem bolmady — iki oglum bilen bir gyzym boldy. Emma aýalym ir aradan çykdy. Şol wagtlar kiçi jigim Ispaniýa eden ýüzüşinden pul baryny gazanyp dolanyp geldi. Ol daşymda pyrlanyp ýörensoň, meniň çet ýurtlara gitmek baradaky höwesim bar zatdan üstün çykdy. Men hususy söwdagär bolup, 1694-nji ýylda günorta-gündogar Aziýa tarap ýüzüşe ugradym.
Bu syýahatymda men adadaky täze hususy hojalygymy görmäge bardym. Özümden soň şo taýda galan ispanlary gördüm. Olaryň we ol ýerde galdyrylan gozgalaňçylaryň ýaşaýşy baradaky gürrüňleri diňledim. Gozgalaňçylar ilkibaşda ispanlary äsgermändirler. Bular soňra bir ylalaşyp, bir sögüşip, bir birleşip, bir bölünip, garaz, iş bolupdyrlar. Ahyrsoňunda, ispanlar güýç ulanypdyrlar. Gözi gorkan gozgalaňçylar bahym mugyra gelipdir. Ispanlar olar bilen deň bolman, ýene-de ylalaşykly ýaşapdyrlar. Bu ýerde bolan dürli-dürli gürrüňleri sanap otursam, olaryň hekaýaty hem bäri-bärde gutarmaz. Karib adalarynda ýaşaýan goňşy taýpalar telim gezek ada çozuş edip, uly çaknyşyklar bolupdyr. Ispanlar adanyň tarp ýerlerini özleşdiripdirler. Bäş sany ispan goňşy ada gidip, on bir sany erkek adam bilen bäş sany aýal-gyzy ýesir edip getiripdirler. Şonuň üçinem men baran wagtym adada ýigrimi töweregi çaga bardy.
Men adada ýigrimi gün töweregi boldum. Olara ähli zerur zatlary, esasan hem, ýarag, däri, seçme, egin-eşik, abzal-gural berdim. Angliýadan alnyp gaýdylan agaç ussasy bilen demirçi ussany adada galdyrdym.
Soňra men adany olara paýlap berdim. Eýeçilik hukugy meniňki bolmak şerti bilen, her kim halan ýerini saýlap aldy. Şeýdip, ähli işleri birlaý tertibe salanymdan soň, adany taşlap gitmejekdiklerine söz berdirip, men olara doly erk berdim.
Şondan soň men Braziliýa degip geçdim. Ol ýerde ullakan ýelkenli gämi satyn aldym we adada ýaşar ýaly ýene-de adam iberdim. Gämide ähli goş-golamlar, abzal-gurallar, olardan başga-da ýedi sany aýal maşgala bardy. Olaryň hemmesi el işine ökde, hyzmata gaýym aýal-gyzlardy. Ylalaşyp, oňşup bilseler, onda olar bilen goş birikdirmäge adadakylara rugsat beripdim. Iňlisler barada aýdanymda, eger olar ekerançylyk bilen meşgullanmakçy bolsa, onda Angliýadan ähli gerekli zatlary we aýal-gyzlary ibermäge söz beripdim. Men şol sözümde-de durdum. Her kimiň mal-mülki, hojalygy aýry bolansoň, adamlar yhlas bilen zähmet çekip, adanyň akýürekli

ýaşaýjylaryna öwrülip gitdiler. Adanyň ilatyna Braziliýadan iberen gämimde bäş sany bogaz sygyr, birnäçe goýundyr mekejin bardy. Soň bir gün ada ýolum düşende, olaryň hem köpelip, ýaýrap gidendigini gördüm.

Adanyň durmuşynda her tüýsli wakalar bolupdyr. Bir gezek ýerlileriň üç ýüz adamlyk goşuny adanyň üstüne çozup, ekin meýdanlaryny weýran edipdir. Adanyň ilaty iki esse agdyklyk edýän duşmandan ilkibaşda ýeňlişe sezewar bolup, bir adam ýitirip, yza çekilmeli bolupdyr. Emma ummanda aýylganç tupan turup, ýerlileri gaýyklary-zady bilen suwuň teýine iberensoň, adalylar galan-gaçan duşmanlary bir künjege gabap gyrypdyrlar. Iki-ýeke diri galanlaram açlykdan ölüpdir. Şeýlelikde, adanyň ýaşaýjylary ekin meýdanlaryny täzeden bejerip, ekerançylyga başlapdyrlar. Olar henizem asuda durmuşda ýaşap ýörler.

Bu zatlaryň ählisi, şeýle hem ondan soňky on ýylda başdan geçiren örän geň wakalarym hakda hekaýamyň indiki böleginde gürrüň bererin.

**Iňlis dilinden terjime eden**
**Wepa GARLYÝEW.**